**J. Hatamow, J. Gurbangeldiýew**

# AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARYNYŇ TARYHY

## (XX–XXI asyrlar)

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2018

UOK 378:93
H 28

**Hatamow J., Gurbangeldiýew J.**

**H 28** **Aziýa we Afrika ýurtlarynyň taryhy (XX–XXI asyrlar).** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.

Bu okuw kitaby ýokary okuw mekdepleriniň taryh, halkara gatnaşyklary we diplomatiýa, halkara gatnaşyklary we dünýä syýasaty, halkara hukugy, halkara ykdysady gatnaşyklary, dünýä ykdysadyýeti, žurnalistika we halkara žurnalistikasy, syýasaty öwreniş hünärleriniň talyplary üçin niýetlenilendir.

**Şertli belgiler:**

 Talyplaryň ýadynda galmagy zerur hasaplanýan goşmaça maglumatlar;

 Goýulýan ýumuş barada talyplaryň özbaşdak pikir ýöretmegi we gelen netijesini mugallymyň ýolbaşçylygynda ýoldaşlary bilen ara alyp maslahatlaşmagy;

 Talyplaryň resminamalar we goşmaça maglumatlar bilen özbaşdak işlemegi hem-de olary özleşdirmegi.

TDKP № 192, 2018 KBK 63.3 ýa 73

© J. Hatamow, J. Gurbangeldiýew, 2018.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Aziýa we Afrika halklarynyň taryhynda *iň täze taryh* döwri möhüm ähmiýete eýedir. Ol XX–XXI asyrlary öz içine alýar. N.G.Çernyşewskiniň öz döwründe aýdan: «*Taryhy ýol – bu Newa şaýolunyň ýanýodasy däldir, ol giň meýdanyň arasyndan geçip, onda tozanly, batgalykly, çola, çöl-beýewanlykly ýerler hem az däldir*» deňeşdirmesi agzalan sebitiň taryhynyň bu çylşyrymly döwri babatynda ulanarlyklydyr. XX–XXI asyrlar Aziýa we Afrika halklarynyň ykballarynda öwrülişikli döwür boldy. Çünki iň täze döwre çenli agzalan sebitleriň halklarynyň esasy bölegi Günbatar ýurtlarynyň koloniýalaryna öwrülipdi. Käbir döwletleri hasaba almanymyzda (Ýaponiýa, Efiopiýa, Liberiýa), Aziýanyň we Afrikanyň döwletleriniň aglaba bölegi *koloniýa* ýa-da *ýarym koloniýa* ýagdaýyndady. Baryp Beýik geografik açyşlar zamanasynda ýewropalylar tarapyndan Gündogar ýurtlaryny koloniýalaşdyrmak XX asyryň başynda-da işjeň dowam etdirildi.

XIX asyryň ahyrynda – XX asyryň başlarynda öňdebaryjy senagat döwletleriniň arasynda dünýäni täsir zolaklaryna paýlaşmak we amatly maýa goýum bazarlaryna öwürmek ugrunda açyk bäsdeşlik başlandy. Bu bolsa ozal esasan paýlaşylyp gutarylan dünýäni gaýtadan paýlaşmak ugrundaky Birinji Jahan urşuna getiripdi. Bu urşuň öňüsyrasyndaky ilkinji *lokal uruşlar – ispan-amerikan urşy, iňlis-bur urşy, rus-ýapon urşy, Balkan uruşlary, italýan-türk urşy,* esasan, Aziýa we Afrika ýurtlarynyň ýerlerini paýlaşmak üçin alnyp barlypdy.

Öňde nygtalyşy ýaly, Aziýa we Afrika sebitiniň ýurtlarynyň aglabasy iň täze taryhyň başynda koloniýalardy. Ýarym koloniýa halyndaky döwletleriň özygtyýarlygy-da ýüzleý ýagdaýdady. Kolonizator döwletler deňhukuksyz şertnamalaryň ulgamy arkaly olaryň garaşsyzlygyny örän çäklendiripdiler. Koloniýa öwrüp bilmedik ýurtlaryny täsir zolaklaryna bölüşdiripdiler.

Sebitiň halklaryny baknalykda saklamagyň dürli usullary işjeň ulanylypdyr. Daşary ýurt banklary olara *garaşly ediji şertlerde karz pullaryny* beripdir. Iňlis--fransuz Ottoman banky, iňlis Şahinşa banky Osman imperiýasyny we Eýrany maliýe baknalygyna düşürmegiň esasy gurallarydy. XX asyryň başynda diňe Angliýanyň 50 sany kolonial banky, olaryň hem 5 *müňden* gowrak şahamçasy bardy. Berilýän bu karzlaryň öwezine Gündogar ýurtlarynyň iň islegli çig mallary amatly bahadan Ýewropa alnyp gaýdylýardy. Aslynda, sebitiň her bir ýurdy belli bir ekin-

lere ýöriteleşdirilendi. Assam, Seýlon, Ýawa – *çaý*, Bengaliýa – *jut*, Yrak – *arpa*, Wýetnam – *şaly*, Müsür we Uganda – *pagta*, Demirgazyk Afrika – *zeýtun* ýetişdirmäge gönükdirilendi. Ýuwaş ummanynyň ada döwletleri bolsa *hoşboý ysly zatlar* bilen ýewropalylary üpjün etmäge borçly edilipdi. Täze taryh döwründe ýola goýlan *mejbury ekinler ulgamy* – iň täze döwrüň başynda-da saklanyp galýardy. Şol çig mallaryň aglaba bölegi metropoliýada gaýtadan işlenilip, gymmat bahadan haryt hökmünde koloniýalaryň özüne satylýardy. Ýekeje mysal: XIX–XX asyrlaryň sepgidinde Hindistandan daşyna iberilýän zatlaryň dörtden üç bölegi çig mal we azyk önümleridi, daşyndan getirilýäniň ýarpysy bolsa iňlis nah mata harytlarydy. Müsür hem öz pagtasyndan dokalan matalary ýa tikilen geýimleri Angliýadan almaga mejburdy. Daşary söwdanyň möhüm guraly – *gümrük syýasaty* hem metropoliýanyň bähbidinedi. Ykdysadyýetiniň çig mala ýöriteleşenligi tutuş XX asyryň birinji ýarymynda Gündogar ýurtlarynda senagatlaşmagy bökdedi.

*Demir ýollar* – kolonial ýurtlary garaşlylyga düşürmegiň möhüm serişdesidi. Iň täze taryhyň başynda britan täjiniň iň lowurdyly almazy hasaplanýan Hindistan demir ýollaryň müňlerçe mili bilen gurşalypdy. Fransuzlar we belgiýalylar Günorta Afrikan bileleşiginde 7 *müň* milden gowrak demir ýollary çekipdiler. Müsürde gurlan Sues kanaly kolonial söwdanyň özüne düşýän gymmatyny arzanlatmagyň hatyrasyna gurlan döwrüniň iň möhüm ulag-logistika taslamasydy. Kolonial basyp alyşlara giç başlan Germaniýanyň Osman imperiýasyna Konstantinopol – Bagdad demir ýoluny gurmak baradaky teklibi hem Orta Gündogaryň we Pars aýlagy sebitiniň ummasyz nebit baýlyklaryny özleşdirmäge, sebitde strategiki agalygy elde saklamaga gönükdirilendi. XIX asyryň ortalaryndan başlap, dünýä agalygy ugrunda «*Uly oýun*» syýasatyny alyp baran Angliýa we Russiýa öz koloniýalaryny ýa-da täsir zolaklaryny biri-birinden gabanyp, Eýran we Owganystan ýaly döwletleri demir ýollary çekmekden mahrum etdiler.

*Konsessiýalar ulgamy* kolonial döwletleri baknalykda saklamagyň möhüm guralydy. Iş ýüzünde, konsession şertnamalar baglaşylansoň, çig mallar, ýerasty we ýerüsti baýlyklaryň köpüsiniň gözegçiligi, olardan gelýän peýdanyň aglaba bölegi kolonizatorlaryň eline geçýärdi. Başgaça aýdylanda, konsessiýalar döwletiň içindäki döwletdi. Meselem, Hytaýda daşary ýurt konsessiýalarynyň öz goşuny, polisiýasy, kazyýet ulgamy bardy. *Daşary ýurt nebit kompaniýalary* arap ýurtlaryny koloniýa öwürmegiň serişdesidi. Bu kompaniýalaryň garaşlylygyndan dynmak diňe XX asyryň ikinji ýarymynda başartdy.

XX asyryň başynda Aziýa, Ikinji Jahan urşundan soň Afrika halklary milli taýdan oýandylar hem-de öz ýurtlarynyň garaşsyzlygy ugrunda göreş alyp bardylar. Şol göreşleriň netijesinde Birinji Jahan urşundan soň Aziýanyň we Afrikanyň käbir ýurtlary syýasy özbaşdaklyk gazanan bolsa, Ikinji Jahan urşundan soň olaryň barysy diýen ýaly özbaşdaklygyny aldylar. Ikinji Jahan urşundan soň Afrika halklarynyň milli azatlyk ugrundaky göreşleriniň has güýçlenen döwri 60-njy

ýyllar boldy. 1960-njy ýyl taryha «*Afrika ýyly*» ady bilen girdi. Hut şol ýyl Afrika ýurtlarynyň 17-si syýasy garaşsyzlygyny gazandy.

«Sowuk uruş» syýasatynyň başlanmagy bilen, Aziýa we Afrika ýurtlary ABŞ bilen SSSR-iň baştutanlygyndaky syýasy toparlanyşyklaryň täsirine düşdüler. Ýaňy özbaşdaklygyny alan ýurtlar ýurduň içerki ösüşinden däl-de, daşky güýçleriň mynasybetini hasaba alyp, ýurduň geljekki ösüş ýoluny saýlamaly boldular.

«Sowuk urşuň» tamamlanmagy Aziýa we Afrika ýurtlary üçin hem bähbitli boldy. Ol ýurtlaryň köpüsi daşarky güýçler tarapyndan boýnuna dakylan ösüş ýolundan daşlaşyp, öz ýurtlarynyň halklarynyň bähbitlerine laýyk gelýän içeri we daşary syýasat ýöredip başladylar. Netijede, Günorta-Gündogar Aziýada, Ýakyn Gündogarda dünýäniň ösen döwletleri bilen deň aýakdaş ösýän häzirkizaman ösen döwletleri peýda boldy. Ýaponiýa, Hytaý ýaly ýurtlar ykdysady ösüşiň depgini boýunça öňe saýlandylar.

XX asyryň ikinji ýarymynda sebitde ösüşiň «ýapon nusgasy» beýlekilere nusga boldy. XIX asyrda özi koloniýa öwrülmejek bolup, «ýurdy ýapmak we öz-özüni güýçlendirmek» syýasatyny ýöreden Ýaponiýa Günbatar ýurtlary tarapyndan zor bilen açylypdy. Emma ol milliligine, halkynyň watançylygyna daýanyp, koloniýa öwrülmän saklanypdy. Ýewropanyň iň öňdebaryjy gazananlaryny senagat öwrülişigine nusga edip alypdy. XX asyryň birinji ýarymynda onuň güýje baýrynyp ýöreden daşary syýasaty Aziýanyň birnäçe halklaryny öz tabynlygynda saklamaga Ýaponiýa mümkinçilik beripdi. Emma Ikinji Jahan urşunda onuň ýeňilmegi, üstesine ABŞ tarapyndan aýylganç täze ýaragyň – atom bombasynyň ilkinji iki sanysynyň öz çäginde synalmagy Ýaponiýanyň taryhynda düýbünden täze öwrülişik nokady boldy. Militaristik daşary syýasatdan doly ýüz öwren «Günüň dogýan ýurdy» bar ünsüni milletini gaýtadan galkyndyrmaga berdi. Kaknus guşunyň külüň içinden gaýtadan döreýşi ýaly, Ýaponiýa geçen asyryň ikinji ýarymynda hakyky «ýapon gudratyny» döretmegi başardy. Ol, ilkinji nobatda, ýapon halkynyň jepakeş zähmeti, ylmy gory hem-de dünýäniň öňdebaryjy tejribesini öwrenmek arkaly döredilipdi. Ýaponiýa dünýä bazaryna iň ýokary hilli, bahasy elýeter harytlary, şeýle hem ýokary tehnologiýalara bolan ygtyýarnamalary – *patentleri* satýan ýurda öwrüldi. Ýaponiýanyň tejribesinden onuň goňşulary-da haýyr tapdylar. Günorta-Gündogar Aziýa sebitinde onuň yzyna eýerýän *Aziýa «gaplaňlary»* atlandyrylan ýurtlaryň ençemesi bu gün öz döreden gudratlary bilen dünýäni haýrana galdyrýar.

Garaşsyzlyk gazanandan soň, Aziýa we Afrika ýurtlarynda SSSR-iň täsiri bilen ösüşiň *kommunistik ýoly* hem synag edildi. Onuň iň üstünliklisi Hytaýda boldy. Dünýä ilatynyň bäşden birini özünde ekläp-saklaýan Hytaý Halk Respublikasy «*hytaý özboluşlylygy bilen sosializm*» gurmagyň ýolunda şowly ädimleri ätdi. Arap dünýäsinde, Hindihytaýda welin, sowet nusgasyndaky sosializm, edil Gündogar Ýewropada bolşy ýaly, şowly bolmady.

Ozalky koloniýalary, indi bolsa özbaşdak ösüş ýoluna düşen ýurtlar bilen täze şertlerdäki gatnaşyklarda Günbataryň döwletleri, birbada kolonializmden miras ga-

lan ülňülerden el çekip bilmediler. Hatda olara garaşsyzlyk berenlerinde-de, olaryň çäklerini geografik, dini-konfessional esasda bölenlerinde-de, gadymdan gelýän «Agzyny alart-da, hököm sür!» diýen nusgawy ýörelgäniň heňini saklap galdylar. Hut şonuň üçin-de, XX asyryň ikinji ýarymy – XXI asyryň başlary Aziýanyň we Afrikanyň ençeme ýurtlarynda separatistik meýiller has-da güýjedi. Dini-konfessional esasda tutaşan dawalaryň ençemesiniň soňuna çykmak entegem başardanok. «Sowuk urşuň» tamamlananyna çärýek asyr geçendigine garamazdan, halkara gatnaşyklarynda ozalky ülňüler boýunça gatnaşyklary dowam etdirmäge synanyşyk edilmegi Gündogar ýurtlarynda birnäçe terrorçylykly guramalaryň (*Taliban, Al-Kaida, Boko Haram, Yragyň we Siriýanyň yslam döwleti, Jebhad an-Nusra we beýlekiler*) döremegine sebäp boldy. Dünýäniň parahatçylyk söýüji güýçleri bu ýowuz belanyň garşysyna göreşmekde tagallalary birleşdirmäge synanýar.

Aziýa yklymynda möhüm geosyýasy, geoykdysady çatrykda ýerleşen Türkmenistan dünýäde ykrar edilen milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda Aziýa yklymynda, tutuş dünýäde parahatçylygy goramaga, durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen halkara başlangyçlary bilen çykyş edýär. Okuw kitabynda Türkmenistanyň Aziýa we Afrika ýurtlary bilen alyp barýan işjeň hyzmatdaşlygyna aýratyn ähmiýet berildi. Her bir öwrenilýän ýurt bilen Türkmenistanyň arasynda alnyp barylýan hyzmatdaşlyk, hormatly Prezidentimiziň Aziýa we Afrika ýurtlaryna amala aşyran resmi, döwlet we iş saparlary hem-de olaryň ähmiýetine kitapda aýratyn üns berildi.

Kitap hronologiýa taýdan iki döwre bölünýär. I döwür XX asyryň birinji ýarymyny, II döwür bolsa Ikinji jahan urşunyň tamamlanmagyndan başlap XX asyryň tutuş ikinji ýarymyny hem-de XXI asyryň ilkinji iki onýyllygyny, ýagny 2018-nji ýylyň I ýarymyndaky wakalary öz içine alýar. Kitabyň I böleginde Aziýa we Afrika ýurtlarynyň XX asyryň başyndaky, Birinji Jahan urşy döwründäki, iki Jahan urşunyň arasyndaky, Ikinji Jahan urşy döwründäki taryhy beýan edilýär. II böleginde bolsa sebitiň ýurtlarynyň XX asyryň ikinji ýarymyndaky we XXI asyryň başlaryndaky ösüş aýratynlyklary yzarlanýar.

Şonuň ýaly-da, kitapda talyplaryň Aziýanyň we Afrikanyň görnükli döwlet baştutanlarynyň, syýasy öňbaşçylarynyň, milli gahrymanlarynyň taryhda bitiren hyzmatlaryna has aýdyň göz ýetirmegi üçin olaryň aglabasynyň terjimehaly we suratlary ýerleşdirildi. Zerur hasap edilen ýerlerde meseläni has içgin özleşdirmekleri üçin goşmaça maglumatlar berildi.

Talyplara häzirki zaman dünýäsinde bolup geçýän taryhy wakalara, jemgyýetçilik-syýasy meýilleriň özgermegine, dünýä ykdysadyýetiniň ösüş kanunalaýyklyklaryna düşünmegi, olara seljerme bermegi we netije çykarmagy öwretmek maksat edinildi.

Talyplaryň taryhy wakalara has dolurak hem-de jikme-jik göz ýetirmekleri üçin kitapda resminamalar we goşmaça maglumatlar mümkingadar köpräk peý-

dalanyldy. Olaryň geosyýasy düşünjeleriniň giň bolmagy üçin bolsa, öwrenilýän ýurtlaryň kartasy berildi.

Kitapda statistiki maglumatlaryň esasynda taýýarlanan suratlar, diagrammalar, çyzgylar, tablisalar, tematiki kartalar ulanyldy. Talyplara tablisalary doldurmak ýumuş hökmünde tabşyryldy. Talyplaryň özbaşdak taýýarlanmagy hem-de öwrenilýän sebitiň taryhyny has içgin öwrenmegi, ýyllyk, diplom işlerini taýýarlamagy üçin kitabyň ahyrynda öwrenilýän temalara degişli maslahat berilýän edebiýatlaryň sanawy getirildi. Kitabyň ahyrynda adalgalaryň sözlügi-de berildi.

Gadyrly talyplar! Taryh – terbiýe mekdebidir, watançylyk dersidir. Hindi halkynyň meşhur gyzy, dünýä belli syýasatçy Indira Gandiniň: «*Taryh – iň oňat mugallym, ýöne onuň iň erbet okuwçylary bar*» diýen sözleri bar. Şu pähimden ugur alyp, siz «erbet okuwçylar» bolmaga däl-de, taryhyň sapaklaryndan netije çykarýan, ony öz ýurduňyzyň ösüş çelgisine öwürmäge ymtylýan hünärmenler bolup ýetişmelisiňiz. Munuň üçin siz ömrüni öz Watanynyň, halkynyň geljegine bagyş eden XX asyryň meşhur dünýä şahsyýetleriniň, döwlet baştutanlarynyň amala aşyran işlerini ymykly öwrenmelisiňiz. Olaryň aýdan pähimlerini öz durmuş ýörelgäňize öwürmelisiňiz.

# I BÖLÜM

# AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARY XX ASYRYŇ BIRINJI ÝARYMYNDA (1900–1945)

## I BAP. XX ASYRYŇ BAŞYNDA AZIÝA ÝURTLARYNDA MILLI AZAT EDIJILIK HEREKETI

### §1. XX asyryň başynda Aziýa ýurtlarynda milli azat edijilik hereketiniň häsiýetli aýratynlyklary

**XX asyryň başynda Aziýadaky ösüş merkezleri.** Aziýada üç sany ösüş merkezini tapawutlandyrmak bolar.

**Hytaý** medeni merkezi şahsyýetiň jemgyýete tabyn bolmalydygy (kiçi ula, çaga ene-atasyna, ähli hytaýlylar öz imperatoryna) hakyndaky pikire ýugrulandy. Emma XX asyryň başynda imperator Hytaýda öňki hökmürowanlygyny ýitiripdi. XIX asyryň 40-njy ýyllaryndan başlap, Hytaý ýewropalylaryň ýarym koloniýasyna öwrülipdi. Hytaý täsir zolaklaryna paýlaşylypdy. Daşary ýurt sütemine garşy *ihetuanlaryň gozgalaňy* bolupdy. Gozgalaňçylar ýaragsyz uruşmagyň inçe tilsimlerini öwrenmek boýunça mekdepleri döredipdirler. Olarda aýratyn-da ýumruklaşmak (boks), karate we Gündogaryň beýleki söweş tilsimlerini öwrenipdirler. Şonuň üçin Ýewropada bu gozgalaň *boksýorlaryň gozgalaňy* diýip hem atlandyrylýar.



*Hytaýyň Ýewropa döwletleri we Ýaponiýa tarapyndan paýlaşylmagy. 1890-njy ýyllaryň karikaturasy*

1899–1901-nji ýyllardaky bu gozgalaň ýewropalylary howsala düşüripdi. Gozgalaňçylar dürli ýollar bilen ýewropalylaryň ýaşaýan ýa-da işleýän ýerlerine aralaşyp, olary gaty gorkuzypdyrlar. Emma ilkibaşda gozgalaňçylar diňe gorkuzmak bilen meşgullanyp, olary öldürmändirler. Daşary ýurtlular hakykatdan-da gorkup, öz hökümetlerine howsalaly habarlar ýollapdyrlar. Ýewropa metbugatynda «*Hytaý howpy, sary howp*» barada barha çişirilýän habarlar ýaýrapdyr. Hytaý howpy Ýewropa döwletlerini birleşdiripdir. Ýaponiýa hem

olara goşulypdyr. Hytaýy täsir zolaklaryna paýlaşan döwletler bileleşip, gozgalaňy basyp ýatyrmak barada ylalaşypdyrlar. Şeýlelikde, dünýäniň 8 döwletiniň gatnaşmagynda bu gozgalaňy basyp ýatyrmaklyk üçin Hytaýa garşy ýöriş guralypdyr. Öň gozgalaňçylardan gorkup, Hytaý hökümeti hem olaryň tarapyna geçipdi. Emma 8 döwletiň birleşen goşunlarynyň Hytaýa aralaşmagy bilen Hytaý hökümeti daşary ýurtlularyň tarapyna geçipdir. Şeýlelikde, gozgalaňçylar 8 döwletiň we Hytaýyň birleşen harby güýçleriniň garşysyna göreşmekden ejiz gelipdirler. Gozgalaň basylyp ýatyrylypdyr. 1901-nji ýylda Hytaý bilen 8 döwletiň arasynda şertnama baglaşylyp, olar ägirt köp möçberde öweztölegini onuň boýnuna dakdylar. Bu ýagdaýlar Hytaýyň ösüşini bökdeýärdi.

**Hindistan** adamzat medeniýetiniň iň gadymy we özboluşly ojaklarynyň biridir. Özüni ykbalyň öňünde güýçsüz hasaplaýan hindiniň bütin durmuşyny *kasta* düzgüni kesgitleýärdi. Emläk ýagdaýyna we gelip çykyşyna görä adamyň haýsy kasta degişlidigi eýýäm onuň doglan gününden belli bolýardy. Hindiler kasta adatlaryny we dini däp-dessurlaryny berjaý edip, Hudaýyň merhemetine bil baglaýardylar. 1849-njy ýylda Hindistan Beýik Britaniýanyň koloniýasyna gutarnykly öwrülip, onuň tebigy ösüşi bökdelipdi. XX asyryň başynda Hindistan Beýik Britaniýanyň baknasy bolmagynda galýardy.

**Yslam dünýäsi** hem dünýäniň ösüş merkezleriniň biridi. Musulmanlar arap halyfatyndan başlap, ençeme kuwwatly döwletleri döretdiler. Yslam dünýäsinde tutýan meýdany boýunça iň iri döwlet Osman imperiýasydy. Ýene bir iri döwlet Gajarlar nesilşalygynyň dolandyrýan Eýran döwletidi. Emma bu döwletleriň ikiside ýewropalylaryň ýarym koloniýasyna öwrülipdi. Orta asyrlarda dünýä ösüşine ägirt uly täsir eden yslam medeni ösüş merkezi XX asyryň başynda özüniň öňki täsirini ýitiripdi.

XIX asyryň ahyrynda Ýaponiýa çalt ösüp başlap, Aziýada täze bir ösüş merkezi peýda bolup başlapdy. Aziýa ýurtlarynyň käbirlerinde dünýä ösüşinden yza galmazlyk üçin dürli özgertmeler geçirilipdi. Şeýle özgertmeler Hytaýda (*öz-özüňi güýçlendirmek syýasaty*), Osman imperiýasynda (*tanzimat*), Eýranda, Ýaponiýada geçirilipdir. Olaryň içinden diňe Ýaponiýada geçirilen özgertmeler garaşylýan netijäni beripdir. Netijede, XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda Ýaponiýa Günbatar döwletleri ýaly güýçli harby we kolonizator döwlete öwrülipdir. 1894–1895-nji ýyllarda hytaý-ýapon, 1904–1905-nji ýyllarda rus-ýapon uruşlaryny ýeňiş bilen tamamlan Ýaponiýa XX asyryň başlarynda Aziýanyň ösüş merkezine öwrülipdir.

XX asyryň başynda Ýewropa ykdysady ösüşi we harby taýdan dünýäniň beýleki ösüş merkezlerinden rüstemdi. Indi hytaý, hindi we yslam medeni merkezleriniň ýewropa medeniýetinden üzňe bolmagy mümkin däldi. Baýlaşmagyň hatyrasyna Ýewropa olary zor bilen özüne tabyn etdi. Ýewropalylar ähli dünýäni öz medeniýetleri bilen özlerine imrikdirmäge, özlerine maýyl etmäge çalyşdylar.

**Milli azat edijilik hereketiniň häsiýetli aýratynlyklary.** XX asyryň başynda Gündogar ýurtlarynda durmuş asudalygy bozulypdy. Bakna edilen we garaşly döw-

letlerde toplanan «*därili golça*» ýarylmaga taýýardy. Dowam edýän daşary ýurt zulumyna we köneleşen döwlet düzgünlerine garşy daýhanlar, ýaňy kemala gelip ugran işçiler synpy, söwdagärler we garyp şäher gatlagy aýaga galypdy. Esasy mesele, olaryň düşünýändigine ýa-da düşünmeýändigine garamazdan, birdi – yzagalaklygyň sebäplerini, jemgyýeti kämilleşdirmegiň ýollaryny gözlemekden hem-de taryhy ösüşiň täze basgançagyna galmakdan ybaratdy.

Kolonial ýurtlardaky milli azat edijilik hem-de demokratik hereketiň esasy wagyzçylary milli intelligensiýanyň wekilleridi. Jemgyýetiň dürli gatlagyndan çykan, ilkibada aň-bilimi ýaýradyjy bolan bu adamlar baknalyga we feodal düzgüne garşy göreşe aýaga galypdylar. Olaryň Ýewropa döwletlerinde çykarýan gazetleri öz milletiniň milli duýgusynyň oýanmagyna oňaýly täsir edýärdi. Olar Ýewropa ýurtlarynyň, şeýle hem Ýaponiýanyň ösüş taryhyny öwrenipdirler. Olaryň gülläp ösmeginiň ykdysadyýetdäki hem-de medeniýetdäki üstünlikleriniň «syrlaryny» gözläpdirler. Ýewropanyň öňdebaryjy hem-de demokratik jemgyýetçilik pikiri bilen tanşypdyrlar. Ýewropa halklarynyň tejribesini öz ýurtlarynyň şertlerine gabat getirmäge çalşypdyrlar. Milli hereketiň öňbaşçylarynyň käbiri daşary ýurt tejribesine tankydy çemeleşipdirler. Bazar gatnaşyklary ýolunyň ösüşiniň kemter taraplaryny görüp, öz ýollaryny agtarypdyrlar. Aziýa ýurtlarynda milli azat edijilik hereketinde liberal-özgerdijilik hem-de rewolýusion-demokratik atlandyrylan esasy iki sany syýasy akym bolupdyr.

Milli baýlaryň bähbitlerini aňladýan *liberal-özgerdijilik ugry* milli senagaty ösdürmegi, sosial özgerdişleriniň geçirilmegini, ýewropa tejribesini ulanýan bilim ulgamyny girizmegi, daşary ýurtlaryň täsirini gowşatmagy göz öňünde tutýan talaplary öňe sürýärdi. Olar dolandyryşyň konstitusion görnüşini girizmegiň, goşuny kämilleşdirmegiň we beýleki özgerdişleri geçirmegiň zerurdygyna düşünýärdiler. Parahatçylyk ýoly bilen amala aşyrylmaly bu özgerdişler, olaryň pikiriçe, Ýewropa döwletleriniň «medeniýetleşdiriji» hemaýaty astynda geçmelidi.

*Sun Ýatsen* Hytaýdaky, *Bal Gangadhar Tilak* Hindistandaky, *Mustafa Kemal* Osman imperiýasyndaky *rewolýusion-demokratik ugruň* öňbaşçylarydy. Demokratlar özleriniň adaty jemgyýetini döwrebaplaşdyrmakda günbatar döwletleriniň kömegine bil baglaýardylar. Emma bu tamalary puç bolansoň, baknalyga garşy işjeň göreş ýagdaýyna geçdiler. Öz maksatlaryna ýetmek üçin ýaragly usullary saýlap aldylar. Respublika we konstitusion gurluş olaryň idealyna öwrüldi.


*Hindi milli kongresiniň baýdagy*

1905–1908-nji ýyllarda Hindistanda milli azat edijilik hereketi güýçlendi. Esasy partiýalar bolan 1906-njy ýylda döredilen *Musulman Ligasy* we 1885-nji ýylda döredilen *Hindi milli kongresi* bilelikde iňlis sütemine garşy göreşmäge synanyşdylar. Hindi watançylarynyň he-

reketi olaryň ýolbaşçylary Tilagyň tussag edilmegi bilen kem-kemden pese gaçdy.

Merkezi Aziýada Türküstan general-gubernatorlygynda, Buhara we Hywa hanlyklarynda milli azat edijilik hereketleri güýçlendi.

Gündogar ýurtlarynda milli azat edijilik hereketleriniň güýjemegine 1905–1907-nji ýyllardaky Russiýadaky rewolýusion wakalar täsirini ýetiripdi. Dowam edýän daşary ýurt zulumyna we ýurtdaky köne düzgüne garşy watançy güýçler aýaga galypdy. XX asyryň başlarynda Aziýanyň öňdebaryjy ýurtlarynda milli galkynyş hereketi başlanypdy. Sebitiň halklary öňküsi ýaly öz ýurtlarynyň kolonizatorlar tarapyndan talanmagy hem-de kemsidilmegi bilen ylalaşmaýardylar. Türkiýede, Eýranda, Hytaýda milli azat edijilik hereketleri rewolýusiýalara ösüp geçipdi. Bu döwür Aziýanyň halklarynyň milli ruhunyň oýanan döwri hökmünde taryha girdi. Aziýanyň milli taýdan oýanandygyny Eýrandaky rewolýusion wakalar aýdyň görkezdi.

♦ **Musulman Ligasy** – 1906-njy ýylyň 30-njy dekabrynda Aga han III tarapyndan Hindistanda musulman azlygyny indus köpçüliginiň eden-etdiliginden goramak maksady bilen esaslandyrylan syýasy partiýa. 1940-njy ýyla çenli Jinna tarapyndan Hindistana özözüni dolandyryş hukugynyň berilmegi ugrunda çykyş etdi. Täze dörediljek döwletde induslaryň agalyk etjekdigi aýan bolansoň, onuň çäginde aýratyn musulman döwletini döretmek meselesini goýupdyrlar. 1947-nji ýylyň 14-nji awgustynda ýatyrylyp, Pakistanyň musulman ligasyna öwrülýär.

## § 2. Eýrandaky 1905–1911-nji ýyllaryň wakalary

**Asyryň başynda Eýranda syýasy-ykdysady ýagdaý.** Eýran monarhiýa gurluşly döwletdi. Ýurdy 1796-njy ýyldan bäri *Gajarlar nesilşalygy* dolandyrýardy. XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Eýranyň ykdysadyýeti Beýik Britaniýanyň we Russiýa imperiýasynyň täsirine düşüpdi. Beýik Britaniýanyň täsiri Eýranyň günortasynda, Russiýanyňky bolsa demirgazygynda güýçlüdi.

1872-nji ýylda şa iňlis barony *Reýteriň* telegraf gullugyna Eýranda ýollary, suwaryş desgalaryny, fabrikleri gurmaga, mineral we tokaý baýlyklaryny özleşdirmäge 70 ýyllyk ygtyýarnama (*konsessiýa*) beripdi. Eýran maliýe taýdanam daşary ýurt maýasynyň täsirine düşüpdi. Nasreddin şa üç gezek Ýewropa syýahat edip gelenden soňra döwlet häkimiýetini ýewropa nusgasynda döwrebaplaşdyrmaga synanyşdy. Köşkde ýewropaly maslahatçylar köpeldi. Goşun awstriýaly, german, fransuz, italýan harby maslahatçylarynyň garamagyna berildi.

XX asyryň başynda Eýranda bazar gatnaşyklary kemala gelip, haryt-pul gatnaşyklary ösüp başlapdy. Dokma, kükürt, kagyz fabrikleri, kiçeňräk elektrostansiýalar gurlupdy. Milli söwda-senagat gatlagy we işçiler synpy kemala gelip ugrapdy. Emma Hytaý we Hindistan bilen deňeşdirilende, Eýranda bazar gatnaşyklaryna geçilmegi we milli senagatyň ösüşi haýalrakdy. Eýran iňlis, rus we beýleki ýewropa

ýurtlarynyň harytlary bilen doldurylypdy. Ýurduň öz içinde öndürilen harytlar olar bilen bäsdeşlige eýerip bilmeýärdi. Şol sebäpli ýönekeý manufakturalar we gadymy hünärmentçilik ussahanalary tozýardy.

Eýran hökümeti daşary ýurtlara karz bermek baradaky haýyşlar bilen ýygy-ýygydan ýüz tutýardy. Bu bolsa ýurduň daşary döwletlere garaşlylygyny hasam artdyrýardy. 1901-nji ýylda iňlisler eýran şasyny iňlis raýaty bolan awstriýaly maliýeçi *D'Arsä* demirgazykdaky bäş welaýatlardan başga ýurduň nebitli etraplarynyň ählisine ýeňillikli *konsessiýa* aldy. Onuň esasynda döredilen iňlis-pars (soňra iňlis-eýran) nebit kompaniýasy ýurdy baknalyga düşürmegiň guralyna öwrülipdi.

Osman imperiýasyndan rugsat alyp, Bagdada demirýoluny çeken Germaniýanyň hem Eýrana gyzyklanmasy artypdy. Ol başarsa, iňlisleri we ruslary Eýrandan gysyp çykarmakçydy. Eýran diňe ykdysady taýdan däl, eýsem, syýasy taýdan hem daşary ýurtlaryň täsirine düşüpdi. Netijede, XX asyryň başynda Eýrana Beýik Britaniýanyň we Russiýanyň ýarym koloniýasyndan doly koloniýasyna öwrülmek howpy abanypdy.

Osman imperiýasyndan, Hindistandan, Hytaýdan tapawutlylykda, Eýranda guramaçylykly syýasy partiýa ýokdy. Ýewropada bilim alan milli intelligensiýanyň wekilleri ýurtda özgertmeleri geçirmegiň zerurdygyna düşündiler. Olar häkimiýete garşy gazetleri çykaryp, olary ýaýratmaga başladylar. XX asyryň başynda şa düzgünine garşy göreşmegi maksat edinýän kiçeňräk guramalar we toparlar peýda bolup ugrady. Özgertmeleriň tarapdarlary Tähranda Milli kitaphanany esaslandyrdylar. Soňabaka ol watançylyk meýilli intelligensiýanyň jemlenen ýerine öwrüldi. Üstesine, iki asyryň sepgidinde rus Zakawkazýesine gidip işleýän eýran işçileri ol ýerde rus rewolýusionerleriniň täsirine düşüp, öz watanyna bu ideýalaryň ýaýramagyna sebäp boldular.

Asyryň başynda Eýranda ykdysady ýagdaý ýaramazlaşdy. Obalarda we şäherlerde açlyk hemişelik ýagdaýa öwrüldi. 1900-nji ýylda Tähranda we beýleki şäherlerde çöregiň bahasynyň gymmatlamagy sebäpli tolgunyşyklar boldy. Hytaýda halk gozgalaňynyň başlanandygy hakdaky habar ýurda ýaýransoň, olar has-da güýçlenipdir. Muňa Eýrandaky iňlis wekiliniň: «*Bazarlar Hytaý hakda gürrüňden doly*» diýen sözlerem şaýatlyk edýär. 1901, 1903-nji ýyllarda açlyk topalaňlary has giň gerime eýe bolupdyr. 1903–1904-nji ýyllarda ýurtda bolan açlyk halkyň ýagdaýyny has-da agyrlaşdyrdy. Ýurtda gozgalaňlar başlandy.

**Tährandaky we Töwrizdäki gozgalaňlar.** 1905-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Tähranda dowam edýän düzgüne garşy närazylyk bildiren täjirleriň tussag edilmegi gozgalaňyň başlanmagyna bahana boldy. Kermanyň häkiminiň öz raýatlaryny jezalandyrandygy hakdaky habar dessine paýtagta doldy. 13-nji dekabrda Tähranda ähli bazarlar, dükanlar, hünärmentçilik ussahanalary ýapyldy. Metjitde bolan ýygnakda

häkimi wezipesinden boşatmak, häkimiýetleriň öz wezipesini hyýanatçylykly peýdalanmagyny derňemek üçin topar döretmek talap edildi. Ýygnanyşyk dargadyldy, emma hökümete garşy çykyşlar ýatyşmady. Ertesi güni aýaga galan abraýly ruhanylar öz närazylygyny bildirip, paýtagtyň golaýyndaky meşhur metjide tarap ýöneldiler. Hökümete garşy çykyşyň alamaty bolan bu ýörişe abraýly mollalaryň ençemesi, hünärmentler hem eýerdiler. Jemi 2 *müňden* gowrak adam jemlenip, häkimiýetiň hereketlerine närazylyk bildirip, metjitlerden çykman oturdylar (*best*). Şirazyň we Maşadyň ilaty hem bu herekete eýerdiler. Olar şadan baş weziri wezipesinden boşatmagy, käbir emeldarlary tussag etmegi talap etdiler.



*Muzaffareddin şa*

Halk hereketinden gorkan *Muzaffareddin şa* Tähranyň we Kermanyň häkimlerini wezipesinden aýyrdy. Halkyň talaplaryny diňlär ýaly «*Adalat öýlerini*» açmaga söz berdi. Ýöne şanyň wada beren zatlaryny yza çekdirmegi närazylygyň gaýtadan güýçlenmegine getirdi. Gozgalaň tutuş Eýrany gurşap aldy. Şanyň baş weziri işinden aýryp, ýerine liberal pikirli Moşir-ed-Döwläni goýmagy, mejlise saýlawlar barada buýruga gol çekmegi ýagdaýyň birneme kadalaşmagyna sebäp boldy. Mejlise saýlawlar iki basgançakly hem-de ýokary *emläk senzi* esasynda geçirilmelidi. Ilatyň barly gatlagynyň wekilleriniň saýlanandygyna garamazdan, 1906-njy ýylyň oktýabrynda mejlis işläp başlady. Bu rewolýusiýanyň ilkinji üstünligidi. Onuň ilkinji progressiw kararlary azyk önümlerine nyrhlaryň aşakladylmagy, milli banky esaslandyrmak hakdaky çözgütler bolupdy. Ýylyň aýagyna çenli mejlis konstitusiýany işläp düzdi. Dekabryň ahyrynda Muzaffareddin şa mejlis tarapyndan teklip edilen «*Esasy kanuny*» tassyklady.




*Eýranyň birinji mejlisiniň deputatlary. Ortada – Mejlisiň başlygy Morteza Kuly-han Sani ed-Döwle*

Mejlisiň çagyrylmagy hem-de «Esasy kanunyň» kabul edilmegi gozgalaňçylaryň ilkinji üstünligidi. Ýöne «Esasy kanun» ýurt-

da döwlet gurluşynyň meselelerini doly düzgünleşdirmeýärdi. Şol sebäpli 1907-nji ýylda ýurtda gozgalaňlar gaýtadan möwjedi. Tähranda, Reştde, Töwrizde, Zenjanda we beýleki şäherlerde halk çykyşlary, ruhanylaryň best hereketi ýaýbaňlandy. Halk daşary ýurt harytlaryny satyn almagy inkär edip başlady.

1907-nji ýylyň başynda Muzaffareddin şa aradan çykansoň, tagta çykan täze şa *Muhammet Aly* rewolýusiýanyň gazananlaryny puja çykarmaga meýillidi. Ol mejlisi inkär edýärdi, ol asla Eýrany konstitusion monarhiýa diýip ykrar etmegiň tarapdary däldi. Emma ol halk köpçüliginiň zor salmagy netijesinde 1907-nji ýylyň oktýabrynda bu kanuna «Goşmaçany» tassyklamaga mejbur boldy. Konstitusiýa laýyklykda, şanyň häkimiýeti Mejlis tarapyndan çäklendirildi. *Enjumenler* (ýerli dolandyryş guramalary) döredildi. Olar halk tarapyndan saýlanyp, ýerli häkimiýetleriň işine gözegçilik etmäge ygtyýarlydy. Adamyň şahsyýetiniň, eýeçiliginiň, jaýynyň eldegrilmesizligi ykrar edilýärdi. Ruhanylara giň hukuklar berlipdi. Eýranyň konstitusion monarhiýa öwrülmegi rewolýusiýanyň iň esasy üstünligidi.

Eýrandaky wakalaryň barha ýaýbaňlanmagy Beýik Britaniýany we patyşa Russiýasyny howsala saldy. Eýranyň içerki işlerine Beýik Britaniýa we Russiýa gatyşyp başlady. Beýik Britaniýa özüni Eýran rewolýusiýasynyň dosty hökmünde görkezip, Russiýany Eýrandan gysyp çykarmaga synanýardy. Iňlis-german we german-rus garşylyklarynyň ýitileşip başlamagy bilen, Beýik Britaniýa bilen Russiýa ýakynlaşyp başladylar. Netijede, 1907-nji ýylyň 31-nji awgustynda Russiýa bilen Beýik Britaniýanyň arasynda Eýrany, Owganystany we Tibeti täsir zolaklaryna paýlaşmak hakynda ylalaşyga gol çekildi. Iňlis-rus ylalaşygy Antanta bileleşigini gutarnykly resmileşdiren şertnamady. Oňa laýyklykda, Eýran hem täsir zolaklaryna bölünipdir. Ýurduň *Kasry-Şirin–Yspyhan–Ýezd–Zülfikar* aralygyndan demirgazygynda ruslar, *Bender-Apbas–Kerman–Birjend–Gazik* aralygyndan günorta-gündogarynda bolsa iňlisler hojaýynçylyk etmäge başlapdyr. Aralykdaky ýerler bolsa bitarap zolak diýlip yglan edilipdir.

Iňlis-rus ylalaşygy rewolýusiýanyň garşydaşlarynyň güýjüni berkidipdir. 1907--nji ýylyň güýzünden başlap, şa düzgünine wepaly güýçler Tährana goşun jemläp başlapdyrlar. Şol ýylyň noýabrynda şa enjumenleriň ýatyrylmagyny berk talap edipdir. Ýurduň içerki işlerine keseki döwletleriň göz-görtele goşulmagy hem-de şanyň bu hereketi halk köpçüliginiň närazylygyny hasam artdyrypdyr. Mejlis halky goldady. Halk şany dönüklikde aýyplap, onuň tagtdan aýrylmagyny talap edipdir. Bu bolsa şany wagtlaýynça eglişige gitmäge mejbur edipdir. Emma ol rewolýusiýanyň garşysyna aýgytly hüjüme taýýarlanýardy.

1908-nji ýylyň 4-nji iýunynda şa paýtagtdan özüniň şäher etegindäki köşgüne gaçýar. 22-nji iýunda şa gozgalaňçylara garşy aýgytly hüjüme geçdi. Tähranda harby ýagdaýy girizdi we pars kazak brigadasyny kömege çagyrdy. Bu brigada 1880-nji ýylda Russiýanyň teklibi bilen döredilipdi. Esasy böleginiň parslardygyna garamazdan, bu goşun birikmesi Russiýa tabyndy. Ony rus serkerdeleri dolandyrýardy. Şanyň çaky-

lygyna derhal seslenen pars kazak brigadasynyň serkerdesi *polkownik Lýahow* Tährana goşun salýar. Ol mejlisden käbir garşylyk görkezýän deputatlaryň berilmegini talap edipdir. Emma mejlis bu talaby kanagatlandyrmandyr. Lýahow gozgalaň turzan mejlisiň wekillerini oka tutupdyr. Şanyň garşydaşlaryndan öç alypdyr. Eden hyzmatyna minnetdarlyk hökmünde Muhammet Aly şa Lýahowy paýtagtyň harby gubernatory wezipesine belläpdir. Mejlis we enjumenler ýatyryldy. Halk hereketiniň merkezi Töwrize geçdi.



*Pars kazak brigadasynyň agzalary*

Töwriz turuwbaşdan eýran halkynyň azat edijilik hereketinde işjeňlik görkezýärdi. Töwrizdäki rewolýusion wakalarda *Sattar* we *Bagiriň* fedaýy toparlary (rewolýusiýa ugrunda janyny pida edýänler) işjeň çykyş edipdirler. Olaryň fedaýy otrýadynyň sany 20 *müň* adama çenli ýetipdir. Şa goşuny birnäçe gezek Töwrizi eýelemäge synanypdyr. Emma gozgalaňçylar her gezek olary yza serpikdiripdir. 1908-nji ýylyň oktýabrynyň ortalarynda fedaýylar Töwrizi eýelediler. Şa ýene-de Russiýa ýüz tutupdyr. Rus goşunynyň hüjümi netijesinde, 1909-njy ýylyň apreliniň ahyrynda Töwriz eýelenipdir. Emma olar Sattaryň we Bagiriň fedaýylarynyň garşysyna açyk söweşe girmäge milt etmändirler. 1910-njy ýylyň martyna çenli fedaýylar Töwrizde galypdyrlar. Emma rus goşunynyň basyşy astynda enjumen fedaýy birikmeleriniň esli bölegini ýatyrypdyr. Rus goşuny bilen bir wagtda Eýranyň günortasyna iňlis goşuny düşürilipdir. Olar Buşiri, Lengäni, Jasky we beýleki ýerleri eýeläpdirler.

**Beýik Britaniýanyň we Russiýanyň Eýrana goşun salmagy.** Töwriz gozgalaňy ýurduň beýleki ýerlerine-de täsirini ýetiripdir. Gozgalaňçylar 1909-njy ýylda Gilýany, Yspyhany, Buşiri, Bender-Abbasy eýelediler. Bahar paslynda ýurduň dürli welaýatlaryndan ýygnanan gozgalaňçylar paýtagta ýöriş edipdirler. Iýul aýynyň başynda olar Tährany zabt etmäge başlapdyrlar. Şa goşunynyň esasy bölegi gozgalaňçylaryň tarapyna geçipdir. Kazak brigadasy bolsa gazaply köçe söweşlerinden soň ýeňijilere boýun egipdir. 13-nji iýulda Tähran eýelendi. Halkyň gazabyndan gorkan Muhammet Aly şa ilki Russiýanyň ilçihanasynda gizlenipdir. Onuň ýerine 14 ýaşly ogly *Ahmet şa* tagta çykarylypdyr. 1909-njy ýylyň noýabrynda ikinji Mejlis çagyrylýar, Konstitusiýa dikeldilýär. Emma ikinji mejlis öňküsi ýaly ähmiýetli bolmandyr. Ol hiç hili demokratik çäreleri geçirip bilmedi. Tähranyň eýelenmeginden soňra, gozgalaňçylaryň arasynda bölünişik ýüze çykypdyr. Gozgalaň kem-kemden kiparlap başlapdy.

1910-njy ýylyň martynda Beýik Britaniýanyň we Russiýanyň hem-de eýran hökümetiniň talaby boýunça *Sattar* bilen *Bagiriň* fedaýy bölümleri Tährana çagy-

rylypdyr. Paýtagtyň ilaty halk gahrymanlaryny uly dabara bilen garşylapdyr. Emma awgust aýynda tähran polisiýasy fedaýylaryň üstüne çozup, olary ýok edipdir.

Ýurtdaky gozgalaňlar onuň maliýe-ykdysady ýagdaýyna ýaramaz täsir edipdi. Daşary ýurt goldawyna daýanmazdan, ony tertibe salmak kyndy. Ýagdaýdan çykalga hökmünde Sepahdaryň hökümeti ortalyk ýoly saýlapdyr. Ol Beýik Britaniýa we Russiýa däl-de, ABŞ-a kömek sorap ýüz tutupdyr. *Morgan Şusteriň* baştutanlygynda amerikan wekilçiligi 1911-nji ýylyň maýynda Eýrana gelip, ol ýurduň baş döwlet gaznaçysy wezipesini eýeläpdir. Oňa ýurduň maliýe we salgyt ulgamyny gözegçilikde saklamaga çäklendirilmedik ygtyýarlyklar berlipdir. Salgyt ulgamy gaýtadan üýtgedilip guralypdyr. Eýranda amerikan täsiriniň artmagy Russiýa we Beýik Britaniýa ýaramandyr. Russiýa Eýrandan kowlan öňki şany goldap, ýurtda agdarylyşyk geçirmäge synanyşypdyr. 1911-nji ýylyň iýulynda öňki agdarylan şa Muhammet Aly «Hristofor» atly rus gämisinde başga at bilen watanyna dolanyp gelipdir. Ol eýran türkmenlerine daýanyp, Tährana ýöriş edipdir hem-de häkimiýeti eýelemäge synanyşypdyr. Ýurtda agdarylan şanyň peýda bolandygy hakdaky habaryň ýaýramagy halk tolgunyşygyny döredipdir. Halk çykyşlary gaýtadan başlap, fedaýy bölümleri döredilip başlapdyr. Öňki şanyň topalaňy basylyp ýatyrylypdyr.

Eýranda bolup geçýän wakalary Russiýa we Beýik Britaniýa içgin öwrenipdir. Olar gozgalaňçylaryň 1907-nji ýylyň rus–iňlis ylalaşygynyň ýatyrylmagynyň talap edilme howpundan gorkýardy. Şa gozgalaňlary ýatyryp bilmänden soňra, 1911-nji ýylyň güýzünde Beýik Britaniýa we Russiýa Eýrana goşun saldy. Morgan Şusteriň baştutanlygynda amerikan wekilçiliginiň Eýrana gelmegi Russiýanyň we Beýik Britaniýanyň Eýranyň içerki işlerine goşulmagyna bahana boldy. Morgan Şusteri ýurtdan çykarmak barada Beýik Britaniýanyň we Russiýanyň talabyny Eýran mejlisi ret edipdir. Muňa jogap edip, iki döwlet hem harby hereketlere başlapdyrlar. Eýranyň demirgazygynda Russiýa, günortasynda bolsa Beýik Britaniýa gozgalaňlary basyp ýatyrdy. 24-nji dekabrda hökümet mejlisi-de ýatyrypdyr. Bu wakalar Eýranda rewolýusiýanyň basylyp ýatyrylandygyny aňladýardy. Şeýlelikde, Beýik Britaniýanyň we Russiýanyň goşun salmagy Eýranyň ol döwletlere ýarym koloniýalygyny berkitdi.

♦ **Best** – yslamdaky adat hukugyna laýyklykda metjitler, ilçihanalar gaçybatalga hasaplanýar. Oňa giren adamlary tussag etmek ýa-da garşysyna güýç ulanmak bolmaýar.

♦ **Sattar** ýönekeý daýhan maşgalasyndandy. Ýewropa metbugatynda ony **«azerbaýjan Pugaçýowy»** diýip atlandyrýardylar. Işçi **Bagir** bolsa **«pars Garibaldisi»** ady bilen meşhurdy.

♦ **Pars kazak brigadasy** – 1879–1920-nji ýyllarda dowam eden, Persiýada Gajar şasy Nasreddiniň haýyşy boýunça Russiýa tarapyndan terek kazak birikmeleriniň nusgasynda döredilen kawaleriýa birikmesi. 1916-njy ýylda ol diwiziýa öwrüldi. Oňa rus serkerdeleri baştutanlyk edipdir. Ol Eýranda Beýik Britaniýanyň işjeňliginiň artmagyna garşy döredilipdir. Kazaklaryň arasynda türkmenler hem gulluk edipdir.

♦ 1910-njy ýylyň ahyrynda eýran hökümeti Eýranyň maliýe ýagdaýyny düzetmek üçin, maslahatçylary ibermegi ABŞ-dan haýyş edipdir. «Standart oýl» amerikan nebit kompaniýasy bilen bagly **Morgan Şusteriň** baştutanlygynda **amerikan wekilçiligi** 1911-nji ýylyň maýynda Eýrana gelip, ol ýurduň baş döwlet gaznaçysy wezipesini eýeläpdir.

♦ Täze hökümet bilen geçirilen uzak gepleşikleriň netijesinde öňki agdarylan şa Muhammet Alynyň bergilerini üzmek we oňa ýylda 100 *müň* tümen ömürlik pensiýa bellenenden soň, ol Russiýa gitmäge razylaşypdyr.

## §3. 1908–1909-njy ýyllardaky «Ýaş türkleriň» hereketi

**«Ýaş türkler». «Agzybirlik we ösüş» guramasy.** 1877–1878-nji ýyllaryň rus-türk urşundan soň Osman imperiýasynyň dargap başlamagy hem-de onuň ykdysady we maliýe taýdan baknalyga düşmegi güýçlenipdir. Soltan *Abdylhamit II* (1876–1909) parlamenti dargadypdyr. Osman imperiýasynyň çäkleriniň barha kiçelýändigi we gowşaýandygy watançy güýçlere ýaramandyr. Olar imperiýanyň gowşamagynyň öňüni almak, ony Ýewropa ýurtlary ýaly dünýä täsirli döwlet bolmagynda galdyrmak isläpdirler. Şeýle pikirli watançylaryň birnäçesi üýşüp, syýasy toparlary döredipdirler. Şeýle toparlaryň ilkinjisi talyplaryň arasynda döräpdir.

1889-njy ýylda Stambulda harby-lukmançylyk okuw jaýynyň talyplary (alban Ibragim Temo, kürt Abdylla Jewdet, Yshak Süküti, çerkes Mehmet Reşit) *«Agzybirlik we ösüş»* («*Ittihat we terakki*») atly gizlin syýasy guramany döredipdiler. Olar özlerini «*ýaş türkler*» diýip atlandyrýardy. Bu gurama dargadylypdyr, biraz wagtdan soň täzeden döredilipdir. Täzeden döredilen şol guramanyň agzalary özlerini «Ýaş türkler» diýip atlandyrypdyrlar. Guramanyň düzümine talyplardan başga-da harbylar, intelligensiýanyň öňdebaryjy wekilleri giripdirler. Gurama uzak wagtyň dowamynda ýaragly gozgalaňa taýýarlyk görüpdi.




*Osman imperiýasynyň çäkleri 1878-nji ýylda*

«Ýaş türkler» ýurtda özgertmeleri geçirmek, milli senagaty ösdürmek ugrunda çykyş edýärdiler. 1876-njy ýylyň meşhur Konstitusiýasyny we parlamenti dikeltmek olaryň esasy syýasy talaplarydy. Hökümet «Ýaş türklere» garşy jeza çärelerini güýçlendiripdir. Olaryň baştutanlary ölüm jezasyna höküm edilipdir. Muňa garamazdan, ýurtda «Ýaş türkleriň» täsiri barha artypdyr. «Ýaş türkler» goşunda düşündiriş işlerini geçiripdirler. Goşun «Ýaş türkleriň» täsirine düşüpdir we olaryň pikirlerini goldapdyr. 1907-nji ýylyň ahyrynda «Ýaş türkleriň» we imperiýanyň beýleki milletleriniň rewolýusion guramalarynyň Parižde bolan gurultaýynda 1876-njy ýylyň Konstitusiýasyny dikeltmek ugrunda ýaragly gozgalaňa taýýarlanmak karar edildi. Gozgalaňy 1908-nji ýylyň awgustynda başlamak meýilleşdirildi.

**1876-njy ýylyň Konstitusiýasyny dikeltmek ugrunda göreş.** XX asyryň başynda Russiýadaky we Eýrandaky rewolýusion wakalar Osman döwletine hem täsirini ýetiripdir. Özakymlaýyn gozgalaňlar başlanypdyr. Tutuş ýurtda rewolýusiýa «Ýaş türkleriň» çakyndan has tiz ösdi. Osman döwletiniň düzüminde bolan Makedoniýa rewolýusion ýokary göterilişiň iň ýokary galan ýeridi. 1908-nji ýylyň 3-nji iýulynda Makedoniýanyň Resna şäherinde türk goşunynyň serkerdesi alban *Ahmet Nyýazy beýiň* otrýady gozgalaňa başlapdyr. Gozgalaňçylary balkan halklaryndan düzülen partizan otrýadlary – *çeteler* goldapdyrlar. 23-nji iýulda «Ýaş türkler» Salonikini eýelediler. Şol gün «Ýaş türkler» uly miting geçirip, onda 1876-njy ýylyň Konstitusiýasyny dikeldýändiklerini jar edipdirler. Bu gurama soltana talapnama (*ultimatum*) iberip, üç günüň içinde Konstitusiýany dikeltmegi, parlamenti döretmegi we degişli perman çykarmagy talap edipdir. Soltan *Abdylhamit II* «Ýaş türkleriň» diýenini etmeli bolupdyr. Çünki goşun «Ýaş türkleriň» tarapyndady. 24-nji iýulda halkyň talaby bilen köşgüniň eýwanyna çykan soltan Abdylhamit II gozgalaňçylara ýüzlenip, mundan beýläk Konstitusiýany gorajakdygyna Gurhandan ant içip, «Ýaş türklere»: «*Meniň çagalarym! Meniň özüm hem elmydama konstitusiýanyň tarapdarydym. Onuň gijikdirilendigine bolsa, meniň ýanymdaky geňeşçilerimiň günäkärdigine gylyjymdan ant içýärin*» diýip ýüzlenipdir. Şol gün soltan parlamenti çagyrmak barada perman beripdir. Dekabr aýynda parlament işläp başlapdyr.



*Soltan Abdylhamit II*

Parlamentiň 230 deputatynyň 150-si «Ýaş türklerden» ybaratdy. Indi ol syýasy gurama däl-de, partiýa öwrülipdi. Konstitusiýanyň dikeldilmegi we parlamentiň döredilmegi «Ýaş türkleriň» hereketiniň iň uly ýeňişleridi. Parlamentde 150 ornuň olar tarapyndan eýelenmegi bolsa, olaryň uly syýasy güýje öwrülendigini görkezýärdi. Emma «Ýaş türkler» rewolýusion hereketiň mundan beýläk ösmegini islemändirler. Olar indi dolandyryjy toparlar bilen ylalaşykly hereket edip başlapdyrlar.

«Ýaş türkleriň» haýal-ýagallygy, etjek işleriniň anyk maksatnamalarynyň bolmazlygy olary aljyradypdyr. Olar

hökümetiň düzümine girmändirler. Halk hereketine ýolbaşçylyk edip bilmändirler. Bu ýagdaý «Ýaş türklere» garşy hereketleriň başlanmagyna getiripdir. «Ýaş türkleriň» syýasaty konstitusion gurluşa garşy güýçleri aýaga galdyrypdyr. Mejlisde «*Ahrar*» (liberallar) we «*Musulman ligasy*» partiýalary olara garşy açyk çykyş edipdirler. 1909-njy ýylyň aprel aýynda olaryň öjükdirmeginde Stambulda «Ýaş türklerden» öç almaga çagyrýan topalaň turupdyr. Paýtagtda we beýleki ýerlerde «Ýaş türkleriň» wekillerinden gazaply öç alnypdyr. Ýene-de Abdylhamit II öňki döwürlerdäki ýaly çäklendirilmedik hukukly soltan bolupdyr. Emma beýle soltan bolmak oňa uzak miýesser etmändir. Ahmet Nyýazy beý, Enwer beý we «Ýaş türkleriň» beýleki öňbaşçylary Makedoniýa gaçyp, şol ýerde täze goşuny döredipdirler. 24-26-njy aprelde Makedoniýadan gelen şol goşunyň kömegi bilen, Stambuly «Ýaş türkleriň» tarapdarlary eýeläpdirler. «Ýaş türkleriň» täsirinde bolan parlament Abdylhamit II-niň tagtyndan agdarylýandygyny jar edipdir.

**«Ýaş türkleriň» hökümeti.** Soltan Abdylhamit II tagtdan agdarylsa-da, monarhiýa ýatyrylmandyr. Tagtdan agdarylan soltanyň deregine onuň dogany *Mehmet* V (1909–1918) tagta geçirilipdir. Iş ýüzünde hökümet «Ýaş türkleriň» eline geçipdir. «Ýaş türkler» häkimiýete gelensoňlar, ýurtda milli tapawutlary ýok edip, umumy türk milletini döretmäge synanypdyrlar. Olar umumy türk milletini *osmanly* ady bilen umumylaşdyrmagy öňe sürüpdirler. Bu syýasat imperiýanyň üçden iki bölegini düzýän türk däl milletlerde närazylyk duýgusyny döredipdir. «Ýaş türkler» ykdysadyýeti, döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmegiň köptaraply maksatnamasyny öňe sürüpdirler. Emma olaryň amala aşyrylyşy welin, örän haýal bolupdyr.

«Ýaş türkler» hökümete gelseler-de, ýurtda uly bir öwrülişik geçirmegi başarmandyrlar. 1908-nji ýylyň 24-nji iýulyndan soň kem-kem rewolýusion hereket pese gaçyp başlapdyr. «Ýaş türkler» bolsa konstitusiýanyň dikeldilmegi we parlamentiň çagyrylmagy bilen rewolýusiýa tamamlandy diýip düşünipdirler. Olar dowam edýän gurluşy üýtgetmegi başarmandyrlar. Monarhiýa hem, daşary ýurtlaryň ýurda täsiri hem öňküsi ýaly saklanypdyr. «Ýaş türkleriň» rewolýusiýasy ýeňlipdir. Muňa seretmezden, «Ýaş türkleriň» hereketi netijesinde milletiň çözmeli meseleleri aýdyňlaşypdyr. «Ýaş türkleriň» rewolýusiýasyna halk köpçüligi işjeň gatnaşmady.

«Ýaş türkleriň» hökümeti imperiýanyň dargamagynyň öňüni alyp bilmändir. Italýan-türk, Balkan we Birinji Jahan uruşlary ýurtda başlanan özgerdişleriň ösüşini bökdäpdir. Italýan-türk urşunyň netijesinde imperiýa Afrikadaky, Balkan uruşlarynyň netijesinde bolsa Balkanlardaky eýeçilik-



*Jemal, Enwer, Talaat, paşşa*

leriniň esasy bölegini elinden gideripdir. Balkan uruşlaryndaky şowsuzlyklardan soň, 1914-nji ýylda häkimiýete ýene «Ýaş türkler» geldi. Hökümete Enweriň, Talaatyň we Jemalyň *triumwiraty* ýolbaşçylyk etdi. Birinji Jahan urşunyň öňüsyrasynda Osman imperiýasy Germaniýa bilen ýakynlaşypdyr. Birinji Jahan urşundan soň ýurtda «Ýaş türkleriň» dolandyryşy tamamlandy.

## § 4. Hytaýdaky Sinhaý rewolýusiýasy

**XX asyryň başynda Hytaýyň syýasy ýagdaýy.** XIX asyryň ahyrynda Hytaýyň ýurdy daşary ýurtlar üçin ýapmak syýasaty şowsuz tamamlandy. Fransuz-hytaý (1884–1885) we ýapon-hytaý uruşlarynda (1894–1895) ol ýeňlipdi. Netijede, diňe bir Koreýa, Wýetnam ýaly özüne bakna ýurtlary däl-de, öz meýdanynyň hem käbir bölegini elinden aldyrdy. Daşary döwletler Hytaýyň «gapysyny» zor bilen açyp, onuň «törüne» geçmäge howlukdylar. Ony öz aralarynda täsir zolaklaryna bölüp başladylar. Bu işde Germaniýa has işjeň hereket etdi. 1898-nji ýylda iki sany nemes missioneriniň öldürilmegini bahana edinip, ol Hytaýa aralaşyp, Şandun ýarym adasynda harby bazasyny gurupdyr. Germaniýa Hytaýyň hökümetiniň boýnuna bu ýeri 99 ýyllyk möhlet bilen kärendesine almak hakda şertnamany dakypdyr. Germaniýa Şandunda demir ýollary gurmaga we onuň dag magdanlaryny işläp bejermäge-de ygtyýar alypdy. Germaniýa Ýuwaş ummanynda Karolin we Marian adalaryny hem eýeläpdir.

Russiýa bolsa Port-Artur bilen bilelikde Lýaodun ýarymadasyny 25 ýyl möhlet bilen kärendesine alypdyr. Russiýa 1896-njy ýylda Hytaý bilen ylalaşyp, Wladiwostogy Mançžuriýa arkaly Sibir demirýoly bilen birleşdirjek *Günorta Hytaý demir ýoluny* hem gurupdy. Ol indi şol ýoly Port-Artur bilen birleşdirmäge gyzyklanýardy. Umuman, Hytaý diwaryndan demirgazykdaky ýerler patyşa Russiýasynyň gyzyklanmalarynyň çägine girýärdi.

Ýaponiýa Hytaýyň Fuszýan welaýatynda ornaşypdyr. Beýik Britaniýa hem şeýle şertlerde Szýulun ýarymadasyny hem-de oňa ýanaşýan adalary alypdyr. Bu ýerlerde 1842-nji ýyldan bäri iňlisleriň Gonkongdaky koloniýasy ýerleşýärdi. Mundan başga-da, Ýanszy derýasynyň jülgesindäki 10 sany welaýat onuň täsir zolagyna degişlidi. Şandunyň gündogaryndaky Weýhaweý portuny hem iňlisler kärendä alypdyr. 1907-nji ýyldaky iňlis-rus şertnamasy Hytaýa degişli Tibeti täsir zolaklaryna paýlaşmagy göz öňünde tutýardy. Eýýäm 1904-nji ýylda Tibetde *protektorat* düzgünini ornaşdyrmaga synanyşyp, ol ýere iňlisler goşun salypdy. Ýunnan, Guandun we Guansi welaýatlary Fransiýanyň täsir zolagyndady. Ol günortadaky möhüm harby port Guançžouny (Kanton) 1898-nji ýylda 99 ýyllyk kärendä alypdy. Gawaý adalaryny, Guam adasyny, Filippinleri eýelän ABŞ öz eýeçiliklerini barha Hytaýyň alkymyna golaýlatdy. ABŞ 1899-njy ýylda Hytaý babatda «*Açyk gapylar we deň mümkinçilikler*» syýasatyny yglan etdi. Oňa laýyklykda, beýik döwletleriň ählisi

bu döwletde deň mümkinçilige eýe bolmalydy. Hytaýyň ösen döwletleriň birine beren islendik ýeňilligi olaryň beýlekisine-de degişli bolmalydy. Basybalyjylaryň bu syýasatyny ýazgaryp, Sun Ýatsen: «*Garakçylar öýe kürsäp girip, ýene-de gapyny açyp goýmagy talap edýärler*» diýip ýazypdy.

Daşary ýurtlar kem-kemden hytaý ykdysadyýetini özüne bakna edipdirler. 1897-nji ýylda Hytaýda 600-den gowrak daşary ýurt firmasy bardy. Ýurtda 10 *müň* daşary ýurtly ýaşaýardy. Iki asyryň sepgidinde Hytaýda daşary ýurt maýasynyň möçberi artypdyr. 1909-njy ýylda Beýik Britaniýanyň, Fransiýanyň, Germaniýanyň gatnaşmagynda döredilen banklar konsorsiumy Hytaýy maliýe taýdan garaşlylyga düşürmäge niýetlenendi. 1910-njy ýylda oňa ABŞ hem goşulypdyr. Günbatar döwletleri hytaý hökümetinden ýeňillikli *konsessiýalary* almaga ymtylýardy. Demir ýollaryň gurluşygy daşary ýurtlularyň elinde jemlenipdi. Çalt ösýän gämi gurluşygyna, nah mata pudaklaryna hem daşary ýurt maýasy köp harçlanýardy. Eger 1902-nji ýylda Hytaýa 800 *mln* dollar möçberinde daşary ýurt maýa goýumy goýlan bolsa, 1911-nji ýylda bu san 1,5 *mlrd* dollardan hem geçdi. Milli senagat kemala gelip ugranam bolsa, entek ol daşary ýurt harytlary bilen bäsdeşlige ukypsyzdy.

Görşümiz ýaly, iki asyryň sepgidinde Hytaýda daşary ýurtlaryň täsiri has-da artypdy. Ýurduň daşary söwdasy, gümrük ulgamy, aragatnaşyk ýollary olara tabyn edilendi. Geçen asyryň başynda Hytaýyň daşary ýurtlara bergisi onuň býujetinden 4 esse köpdi. Daşary ýurtlar Hytaýdaky öz «kärende çäginde» goşun saklaýardylar.

Daşary ýurtlaryň Hytaýa ideologik täsiri hem uludy. Bu maksat üçin müňlerçe missionerler Hytaýa iberilipdi. Hytaýda açylan daşary ýurt okuw jaýlary, olar tarapyndan neşir edilýän gazetler, hytaý ýaşlarynyň daşary ýurtda okamaga höweslendirilmegi – bularyň ählisi Hytaýda daşary ýurt täsirini artdyrmaga gönükdirilendi. Hytaýy ýarym koloniýasyna öwren kolonizator döwletler ýerli ilaty äsgermezlik syýasatyny ýöredipdirler. Şanhaýyň seýilgähleriniň biriniň girelgesinde «*Hytaýlylara we itlere girmek gadagan*» diýen ýazgy asylyp goýlupdyr. Hytaýyň daşary ýurtlara garaşlylykdan dynmak üçin *öz-özüni güýçlendirmek syýasaty* başa barmady.

**Kan Ýuweý we özgerdijileriň hereketi.** XIX asyryň ahyrynda hytaý jemgyýetini düýpli özgertmek ugrunda hereket başlanypdyr. Onuň öňbaşçysy we esaslandyryjysy *Kan Ýuweý* (1858–1927) hasaplanýardy. Kan Ýuweýiň sosial adalatlylyk hakyndaky gadymy hytaý pelsepesine daýanýan taglymaty onuň «*Ýapon watançylygy hakda pikir ýöretmeler*» («*Datun şu*») atly kitabynda (1885) jemlenendir. Özünden öňkülerden tapawutlylykda, Kan Ýuweý diňe özgertmelere çagyrmak bilen çäklenmän, tutuş döwlet gurluşyny düýpli üýtgetjek özgertmeleri geçirmek isläpdir. Ol Hytaýda parlamentar esasda konstitusion monarhiýa gurluşyna geçmegi, demokratiýany giňden ornaşdyrmagy, täze kanunlary kabul etmekden başlap, Günbataryň



*Kan Ýuweý*

öňdebaryjy ülňülerini kabul etmegi, hususy telekeçiligi goldamagy, ykdysadyýetde, dolandyryşda, magaryfda we medeniýetde düýpli özgertmeleri geçirmegi talap edipdir. Kan Ýuweý Ýaponiýanyň ösüşde üstünlik gazanmagynyň açarynyň olaryň watançylyk ruhunyň beýikligindedigini nygtapdyr. Hytaýyň bakna bolmagynyň sebäbini şol ruhuň kemterliginde görüpdir. Dürli ýurtlaryň, hatda Russiýanyň Pýotr I döwründäki taryhy ösüşini deňeşdirmegiň esasynda ol özgerdişleriň «ýokardan» amala aşyrylmagynyň zerurdygyna düşünipdir.

Kan Ýuweý 1895-nji ýylda «*Döwleti güýçlendirmegiň bileleşigini*» döredipdir. Ol öz teklipleri bilen imperator *Guansuýa* täsir edipdir. Çünki Kan Ýuweý monarhiýanyň tarapdarydy. Onuň pikiriçe, özgertmeler ýokardan – hut imperatoryň özi tarapyndan amala aşyrylmalydy. 1898-nji ýylyň başynda Guansuý Kan Ýuweýiň maksatnamasy bilen tanşyp, ony oňlapdyr. 11-nji iýunda «Döwletiň meýilnamasy hakda» imperatoryň permany çykypdyr.



*Imperator Guansuý*

Özgertmeleriň taslamasy Kan Ýuweý we onuň egindeşleri Lýan Siçao, Tan Situn tarapyndan işlenip düzülipdir. 1898-nji ýylyň 11-nji iýunyndan 21-nji sentýabryna çenli 103 gün Hytaýyň taryhyna «*Özgerdişleriň 100 güni*» hökmünde giripdir. Bu döwürde olar öz meýilnamasyny amala aşyrmaga synanyşypdyrlar. Emma özgertmeleriň tarapdarlary, hatda olara oňyn garan imperatoryň özem garşydaşlarynyň öňünde ejizdi. Olar oppozisiýanyň öňbaşçysy Sy Sini ýok etmegi teklip edipdirler. 1898-nji ýylyň oktýabryna meýilleşdirilen bu synanyşyk şowsuz tamamlanypdyr. Çünki general Ýuan Şikaý olary satypdyr. Imperatoryň daýzasy Sy Si olardan öňürdip, 21-nji sentýabrda köşk agdarylyşygyny geçirip, imperator häkimiýetini basyp alypdyr. Guansuý köşk türmesine salnypdyr. Kan Ýuweý Gonkonga, Lýan Siçao Ýaponiýa gaçypdyr. Sy Si bir aýyň dowamynda özgertmeleriň tarapdarlarynyň ähli täzeliklerini ýatyrypdyr. Ýeňlendigine garamazdan, özgerdijileriň hereketi Hytaýyň taryhynda progressiw yz galdyrypdyr.



*Sy Si*

**Ihetuanlaryň gozgalaňy.** Ýokardan başlanan özgerdişleriň paşmazlygy jemgyýetiň aşaky gatlagyny herekete getiripdir. Gozgalaňlara gizlin jemgyýetler, doganlyklar ýolbaşçylyk edipdir. *Ihetuanlaryň* (adalat we parahatçylyk otrýadlary) gozgalaňy Hytaýy daşary ýurtlulardan arassalamak ugrunda göreşýärdi. Göreşiň el usulyny ulanandygy üçin bu gozgalaň «*boksçularyň gozgalaňy*» ady bilen taryha girendir. «Sinleri goldalyň,

daşary ýurtlulara ölüm!» olaryň esasy şygarydy. Ýewropalylary «deňiz aňyrsyndan gelen şeýtanlar» hasaplan gozgalaňçylar hristian buthanalaryny, wagyzçylaryň öýlerini, daşary ýurt ilçihanalaryny, söwda dükanlaryny weýran edipdirler. Hatda daşary ýurtlular bilen bagly medeniýetiň ähli alamatlary olarda ýigrenç döredipdir.

1899-njy ýylyň aýagynda Şandun welaýatynda başlanan gozgalaňy bu ýerde hojaýynçylyk edýän nemesler basyp ýatyryp bilmändir. Gozgalaňyň gerimi çaltlyk bilen goňşy welaýatlara ýaýrapdyr. Mançžuriýada, Merkezi we Günorta Hytaýda ihetuanlaryň täsiri artypdyr. Olaryň otrýadlary paýtagta tarap hereket edipdir. Uzak ikirjiňlenmelerden soň Sy Si gozgalaňçylaryň tarapyna geçipdir. Çünki gozgalaňçylar: «*Bogdyhanyň goşuny hem biziň bilen söweşer. Eger Sin neberesi bize kömek bermese we biziň tarapymyza geçmese, onda biz ol neberäni agdararys, ýöne hytaý halkyny welin, deňziň aňyrsyndan gelen şeýtanlardan halas ederis*» diýip haýbat atypdyrlar. Sy Si ihetuanlaryň serdarlaryny köşgüne çagyrypdyr.

Iýun aýynda gozgalaňçylar Pekine we Týanszine giripdirler. Imperator olary öz howandarlygyna alýandygyny aýdypdyr. Ählihalk gazabyndan gorkan hem-de daşary ýurtlaryň birleşen güýjünden ýeňiljekdigini bilen Sy Si 21-nji iýunda daşary ýurtlara garşy uruş yglan edýän perman çykarypdyr. Ihetuanlar daşary ýurt ilçihanalaryny gabapdyrlar. Köçede Germaniýanyň ilçihanasynyň wekili hem-de ýapon ilçihanasynyň maslahatçysy öldürilipdir. Daşary ýurt diplomatlarynyň Pekindäki 56 güne çeken «*gabaw oturylyşygy*» başlanypdyr.

1900-nji ýylyň iýulynda Beýik Britaniýa, ABŞ, Russiýa, Ýaponiýa, Fransiýa, Italiýa, Germaniýa we Awstro-Wengriýa Hytaýa garşy ýöriş gurady. Birleşen döwletleriň goşunyna nemes feldmarşaly *Walderzeýe* baştutanlyk edipdir. Ihetuanlar bilen interwentleriň arasynda Týansziniň etegindäki söweş bir aýa golaý dowam edipdir. 3-nji awgustda 20 *müň* adamlyk daşary ýurt goşuny Pekine giripdir. 15-nji awgustda paýtagt daşary ýurtlulara boýun egipdir. Dünýäniň iri 8 döwletiniň güýji bilen gozgalaň rehimsizlik bilen basylyp ýatyrylypdyr. Olar Sin hökümetiniň boýnuna täze deňhukuksyz şertnamany dakypdyrlar. 1901-nji ýylyň 7-nji sentýabryndaky «*Gutarnykly beýannama*» görä, Hytaý Günbatar döwletlerinden ötünç sorap, olara ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin 39 ýylyň dowamynda kümüş pul bilen 450 *mln* lýan tölemäge borçlandy. Göterimleri hem hasaba alanyňda, ol şol döwrüň rus puly bilen 1,5 *mlrd* altyn rubla deň bolupdyr. Pekinde ilçileriň aýratyn mähellesi döredilip, olar uly gorag otrýadlary bilen berkidilipdir. Daşary ýurtlular Hytaýda flot we goşun saklamaga hukuk aldylar. Hytaý hökümeti daşary ýurtlulara garşy çykyş edenleri ölüm jezasy bilen jezalandyrmaga borçlandy.

Ihetuanlaryň gozgalaňy daşary ýurt agalygyna garşy gönükdirilen özakymlaýyn halk hereketidi. Ýeňlendigine garamazdan, bu gozgalaň, halk güýjüni birleşdirse, uly güýçdügini görkezipdir we indiki çykyşlara itergi beripdir. Bu wakalar meşhur ýazyjy Li Baoszýanyň (1897–1906) «*1900-nji ýylyň wakalary*» romanynda çeper beýanyny tapypdyr.



*Pu İ – çagajyk imperator*

Boksçularyň gozgalaňyndan soň Hytaýda daşary ýurtlaryň täsiri has-da artypdyr. Daşary ýurt agalygyna we olara ýapja bolan Hytaý dolandyryjylaryna garşy rewolýusion hereketler, gozgalaňlar başlanypdyr. Olaryň iň irisi 1901–1905-nji ýyllarda Guansi welaýatynda boldy. Joşup gelýän rewolýusiýanyň öňüni almak üçin Hytaýy XIX asyryň ikinji ýarymyndan bäri iş ýüzünde dolandyryjy imperatoryň daýzasy Sy Si 1906–1908-nji ýyllarda birnäçe özgertmeleri geçirmäge synanyşdy. 1906-njy ýylyň güýzünde geljekde konstitusion dolandyryşa geçmek hakynda imperator permany çap edildi. 1908-nji ýylda bolsa 1916-njy ýylda konstitusiýany girizmäge taýýarlyk görmek hakda hökümet maksatnamasy yglan edildi. Emma 1908-nji ýylyň noýabrynda Sy Siniň we imperator Guansuýyň syrly ölümi hem-de iki ýaşly ýaşajyk çaganyň – *Pu İniň* imperator diýlip yglan edilmegi Hytaý üçin rewolýusiýanyň gutulgysyz başlanmagyna bahana boldy.

**Sinhaý rewolýusiýasy.** Hytaýdaky gozgalaňlaryň içinde iň aýgytlaýjysy 1911–1913-nji ýyllaryň *Sinhaý rewolýusiýasydyr*. Bu rewolýusiýa hytaý halkynyň meşhur ogly *Sun Ýatsen* ýolbaşçylyk edipdi.



***Sun Ýatsen** (1866–1925) – XX asyryň I çärýeginde Hytaýdaky syýasy göreşiň görnükli ýolbaşçylarynyň biri. Hakyky ady Sun Wen. Guandun welaýatynyň adalarynyň birinde daýhan maşgalasynda dogulýar. 1878-1883-nji ýyllarda Gawaý adalarynda söwda edýän agasynyň ýanynda ýaşaýar. Gonoluluda missioner mekdebinde okaýar. 1892-nji ýylda Gonkongda lukmançylyk institutyny tamamlaýar. Biraz wagt Ýaponiýada ýaşaýar. Ol ösüşiň «gansyz» ýapon nusgasyny Hytaý üçin nusga alarlyk hasap edipdir. Talyplyk ýyllaryndan özüni syýasy göreşe bagyşlaýar. Ilkibada özgertmeleriň tarapdary bolýar. Ýapon-hytaý urşundan soňky Hytaýda respublikany berkarar etmek ugrunda aýgytly çykyş edip başlaýar. Ol Hytaýyň paýlaşylmagyna garşy çykyş edýär. 1895-nji ýylda «Hytaýy gaýtadan dikeltmek jemgyýetini» esaslandyrýar. «Mançžurlary kowmaly, Hytaýy gaýtadan dikeltmeli!» diýen çagyryş guramanyň esasy şygary bolupdyr. Sun Ýatsen diňe özgertmeler bilen Hytaýy halas edip bolmajagyna düşünip, rewolýusion göreşe çagyrypdyr. 1895-nji ýylda Guançžouda ýaragly gozgalaň geçirmäge synanyşýar. Ol şowsuz tamamlanansoň, Aziýanyň, Ýewropanyň, Amerikanyň ençeme ýurtlarynda bolup, hytaý emigrantlarynyň arasyndan öz tarapdarlaryny artdyrýar. Günbataryň öňdebaryjy ideýalaryny öwrenýär. Onuň 1900-nji ýyldaky ýaragly gozgalaňy hem şowsuz gutarýar. Kan Ýuweý halkyň ýokary gatlagyna daýanan bolsa, Sun Ýatsen onuň orta we aşaky gatlagynyň isleglerini nazarda tutupdyr. Sun Ýatsen Sinhaý rewolýusiýasynyň serdarydyr. Sinhaý rewolýusiýasyndan soň wagtlaýynça syýasatdan çetleşýär. Demir ýollaryň baş direktory wezipesini eýeläp, ünsüni ykdysady meselelere gönükdirýär. Ol 1912-nji ýylyň awgustynda Milli partiýany – Gomindan partiýasyny esaslandyrýar. 1917-nji ýylda Hytaýyň günortasynda Sun Ýatseniň hökümeti döredilýär. 1925–1927-nji ýyllaryň rewolýusiýasy başlanan wagty ol agyr keselden aradan çykýar.*

**«Halkylygyň üç ýörelgesi».** Hytaý milli azat edijilik hereketinde rewolýusion-demokratik akymyň täsiri uludy. Sun Ýatsen 1905-nji ýylyň tomsunda Ýaponiýada mahaly «*Birleşen bileleşik*» («*Tunmenhueý*») atly syýasy guramany döredýär. Onuň «Min bao» («Halk gazeti») atly gazeti neşir edilip başlaýar. Sun Ýatsen «Birleşen bileleşigiň» maksatnamasy hökmünde özüniň meşhur «*Halkylygyň üç ýörelgesi*» şygaryny öňe sürdi. Onuň *birinjisi* – **millilik**, mançžur neberesiniň hem-de daşary ýurt agalygynyň soňuna çykmagy, sap milli dolandyryşy ornaşdyrmagy göz öňünde tutýardy. *Ikinjisi* – **halk häkimiýeti**, monarhiýa gurluşynyň agdarylmagy we respublikanyň jar edilmegi bilen berkarar edilmelidi. *Üçünjisi* – **halk abadançylygy** ýörelgesi ýere bolan eýeçilik hukugyny deňleşdirmegi, ýerleri kem-kemden millileşdirmegi göz öňünde tutýardy.

**Uçan şäherinde bolan gozgalaň. Rewolýusiýanyň başlanmagy.** «Birleşen bileleşik» guramasy 1905–1911-nji ýyllarda onlarça gozgalaňlary gurady. Emma olaryň ählisi ýeňilmek bilen tamamlandy. 1911-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda Hytaýyň Uhan etrabynda (ol Uçan, Hanýan, Hankou atly üç şäheri öz içine alýardy) başlanan ýaragly gozgalaň tiz wagtda ýurduň tutuş günortasyny öz içine aldy. Noýabrda Şanhaý gozgalaňçylaryň eline geçdi. Ýurduň 15 sany welaýaty Sin hökümetine tabynlykdan çykdy.

**Hytaý Respublikasynyň jar edilmegi.** Rewolýusiýanyň başlanandygyny ABŞ-da eşiden hytaý rewolýusiýasynyň serdary Sun Ýatsen 1911-nji ýylyň 25-nji dekabrynda watanyna dolanyp gelipdir. 29-njy dekabrda Nankinde bolan rewolýusion maslahat ýurduň Konstitusiýasyny kabul edip, *Hytaý Respublikasynyň* döredilýändigini jar edýär. Sun Ýatsen onuň wagtlaýyn prezidentligine saýlanylýar. Ol 1912-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda wezipesine girişipdir.

**Hytaýyň ikä bölünmegi.** Mançžur dolandyryjylary gozgalaňdan gorkup, goşun generaly, mekir syýasatçy *Ýuan Şikaýy* häkimiýete çagyrypdyrlar. Ondan gozgalaňy basyp ýatyrmagy haýyş etdiler. Ol premýer-ministr hem-de hökümet goşunynyň baş serkerdeligine bellenipdir. Ol tiz wagtda demirgazyk Hytaýyň ganhor hökümdaryna öwrüldi. Netijede, Hytaý ikä bölünipdir: demirgazygynda resmi taýdan imperator Pu İ hasaplanýan hem bolsa, häkimiýet Ýuan Şikaýyň elindedi. Ýurduň günortasyny Sun Ýatsen dolandyrýardy. Ýuan Şikaýy Ýewropa döwletleri goldaýardy. Ýurdy birleşdirmek üçin Hytaýyň iki böleginiň arasynda urşuň başlanmagy mümkindi.



***Ýuan Şikaý*** *(1859–1916) – meşhur hytaý generaly. Hakyky ady Ýuan Weýtin. 1880-nji ýylda harby gulluga başlaýar. Koreýadaky Hytaýa garşy gozgalaňy basyp ýatyrýar. 1895-nji ýylda özgertmeleriň tarapdarlarynyň ynamyna girýär, soňra olara dönüklik edýär. Ihetuanlaryň gozgalaňynyň basylyp ýatyrylmagyna gatnaşýar. Sy Sä we konserwatorlara golaý bolupdyr. 1908-nji ýyla çenli hökümetde möhüm wezipeleri eýeleýär. Sinhaý rewolýusiýasy döwründe Sin neberesi ony Günorta garşy göreşmek üçin kömege çagyrýar.*

**Sin nesilşalygynyň agdarylmagy.** Ýuan Şikaý özüni häkimiýete getiren Sin neberelerine dönüklik edipdir. Çünki ol indi häkimiýeti hiç kim bilen paýlaşmak islemändir. Ol doly hökümdar bolmak üçin iki sany garşydaşyny ýolundan aýyrmalydy. Olaryň birinjisi ýaşajyk imperator Pu İ, ikinjisi bolsa Günorta Hytaý Respublikasynyň prezidenti Sun Ýatsendi. Maksadyna ýetmek üçin, Ýuan Sikaý gizlin ýagdaýda Günorta Hytaýyň wekilleri bilen gepleşikler geçiripdir. Günorta Hytaýyň wekilleri Ýuan Şikaý bilen gepleşiklerini Sun Ýatsene bildirmändirler. Şol gepleşiklerde Ýuan Şikaý eger-de Sun Ýatsen prezidentlikden aýrylsa, özi respublikanyň prezidentligine saýlanylsa, ýaşajyk imperator Pu İni, ýagny monarhiýany agdarmaga Günorta Hytaýyň wekillerine söz beripdir. Günorta Hytaýyň Ýuan Şikaý bilen gizlin gepleşik geçiren ýolbaşçylary Sun Ýatsene prezidentlik wezipesini meýletinlik bilen goýmagy maslahat beripdirler. Olar oňa Hytaýyň iki böleginiň arasynda uruş başlanyp, nähak gan dökülmeginiň mümkindigini aýdypdyrlar. Netijede, Sun Ýatsen parahatçylygyň hatyrasyna meýletinlik bilen wezipesinden çetleşýär. 1912-nji ýylyň 12-nji fewralynda Ýuan Şikaý ýaşajyk imperatoryň (Pu İ) adyndan Sin nebereleriniň häkimiýetden aýrylýandygyny jar edýär. Şeýlelikde, 1644-nji ýyldan bäri Hytaýy dolandyryp gelen kesekileriň – *mançžurlaryň nesilşalygy* häkimiýetden aýrylýar.

**Ýuan Şikaýyň diktaturasy.** Günorta Hytaý Respublikasynyň Ýuan Sikaýyň häkimiýeti astyna geçmegi bilen ýurt birleşdirildi. Liberallar şunuň bilen rewolýusiýany öz maksadyna ýetdi diýip hasaplady. Indi olara «halk abadançylygy» hakdaky hyýaly maksatnamasyny öňe sürýän Sun Ýatseniň geregi ýokdy. Syýasy güýçleriň mynasybeti derrew Ýuan Şikaýyň peýdasyna üýtgedi. 1-nji aprelde Ýuan Şikaý resmi taýdan ýurduň wagtlaýyn prezidenti wezipesini öz eline alypdyr. Ýuan Sikaý Günorta Hytaýda – Nankinde oturyp, ýurdy dolandyrmakdan çekinipdir. Çünki onuň tarapdarlarynyň esasy bölegi Demirgazyk Hytaýdady. Şonuň üçin ol ýurduň paýtagtyny Demirgazyga, ýagny Pekine geçiripdir.

Hökümet baştutanlygyna Sun Ýatseniň partiýasyndan bolan Tan Şao-i bellenipdir. 1912-nji ýylyň 12-nji martynda Nankinde wagtlaýyn Konstitusiýa kabul edildi. Ol ähli raýatlaryň deňhukuklydygyny, söz, metbugat, guramalary döretmek azatlygyny jar etdi. Aprel aýynda wagtlaýyn parlament döredilipdir. Emma *demirgazyk (beýýan) toparlanyşygyň* generallary onuň deputatlaryny Ýuan Şikaýyň saýlan ministrlerine ses bermäge mejbur edipdir. Munuň özi Ýuan Şikaýyň parlamentiň kararlaryny alga almajakdygyny aňladypdyr. Üstesine, ol maý aýynda sagçy toparlaryň «Gunhedan» partiýasyna birleşmegini we parlamentde olaryň öz goldawçysyna öwrülmegini gazanypdyr. Sun Ýatsen 1912-nji ýylyň awgustynda öňki «Birleşen bileleşigiň» esasynda täze syýasy partiýany – *Gomindany* döretmäge girişipdir. Ol 1912-nji ýylyň ahyryna – 1913-nji ýylyň başyna bellenen hemişelik parlament üçin saýlawlara gatnaşmalydy. Emma Ýuan Şikaý 1913-nji ýylyň aprelinde çagyrylan parlamenti inkär



*Gomindanyň nyşany*

edip, Gomindana garşy göreşe başlapdyr. Rewolýusion Günortanyň garşysyna ýörişe taýýarlanypdyr. Ýuan Şikaýyň hereketlerine garşy Sun Ýatsen halky «ikinji rewolýusiýa» çagyrypdyr. Emma ol Günortanyň ýeňlişi bilen tamamlanypdyr. Parlamentde gomindançylaryň artykmaçlygy Ýuan Şikaýa ýaramaýardy. Şonuň üçin ol 1913-nji ýylyň noýabrynda parlamenti, 1914-nji ýylyň başynda bolsa welaýatlardaky we ýerlerdäki demokratik edaralary ýatyrypdyr. Mart aýynda ol Nankinde kabul edilen demokratik wagtlaýyn konstitusiýa garşy açyk çykyş edip başlapdyr. 1914-nji ýylyň 1-nji maýynda täze konstitusiýanyň taslamasyny çap etdiripdir. Oňa laýyklykda, prezidente çäklendirilmedik ygtyýarlyklar berilýärdi. Agdarylan monarhiýanyň birnäçe wezipeleri, atlary we titullary dikeldilmelidi. 1914-nji ýylyň dekabrynda Ýuan Şikaý imperatora mahsus atributlar bilen Asman ybadathanasyna zyýarat edipdir. Munuň özi onuň monarhiýanyň tarapdarydygynyň ýene bir subutnamasydy.

Ýuan Şikaý respublikany ykrar etse-de, dowam edýän gurluşy öňküligine galdyrypdyr. Respublika gurluşy kagyz ýüzünde bolupdyr. Daşary ýurtlaryň Hytaýdaky hojaýynçylygy hem üýtgewsiz galdyrylypdyr. Olar özleri üçin amatly şertleri döredýän Ýuan Şikaýa 25 *mln* funt sterling möçberinde kredit beripdirler. Ýurtda Ýuan Şikaýyň diktaturasy ornaşdyrylýar. Ol indi rewolýusiýanyň gazananlaryna garşy göreşip başlaýar. Ýuan Şikaý basym parlamenti dargadyp, çäklendirilmedik hökümdara öwrülipdir. Konstitusiýadan demokratik azatlyklar baradaky maddalar aýrylypdyr. Rewolýusiýa ýeňlipdir.

Ýuan Şikaý özüni öňki imperatorlar – *bogdyhanlar* ýaly alyp baryp başlapdyr. Ol özüni resmi ýagdaýda bogdyhan diýdirmäge taýýarlanypdyr. Hatda gyzyny iň soňky hytaý imperatory Pu İ-e durmuşa çykaryp, imperator neberesi bilen garyndaşlyk açypdyr. Emma Ýuan Şikaýyň monarhiýany dikeltmek we imperator bolmak baradaky arzuwy başa barmandyr. Ol şol arzuwda hereket edip ýörkä, duýdansyz 1916-njy ýylyň tomsunda aradan çykypdyr.

1911–1913-nji ýyllardaky Sinhaý rewolýusiýasynyň ähmiýeti uly bolupdyr. Ol hytaý halkynyň syýasy taýdan oýanmagynyň subutnamasydy. Rewolýusiýanyň netijesinde Hytaýdan Daşarky Mongoliýa (Halha) we Tibet bölünip aýryldy. 1913-nji ýylda Russiýanyň we Hytaý Respublikasynyň hökümetleri Daşarky Mongoliýanyň Hytaýyň düzümindäki awtonom hukugyny ykrar etdiler.

♦ Gawaý adalarynyň iň soňky şazenany Liliuokalani 1893-nji ýylda amerikanlar tarapyndan tagtyndan agdarylyp, adalar 1900-nji ýylda ABŞ-nyň çägi, 1959-njy ýylda ştaty diýlip yglan edilýär.

♦ **«Ihesýuan»** – **«Parahatçylygyň we adalatyň hatyrasyna göterilen ýumruk»** diýlip hem atlandyrylýardy.

♦ Ihetuanlaryň guramasy birnäçe ýyllaryň dowamynda ýumruklaşmagyň, depişmegiň (ýewropalylar soňra Gündogaryň bu göreş tilsimlerini «karate» diýen at bilen atlandyrypdyrlar) inçe tilsimlerini öwredýän toparlary döredipdirler. Daşary ýurtlulary ýaragsyz

hem ýeňjegine ruhy ynamy bolan ihetuanlar ýewropalylara eliň we aýagyň kömegi bilen garşylyk görkezipdirler. Ýewropalylar karateni öň görmänsoň, bu gozgalaňy ýumruklaşýanlaryň (boksçularyň) gozgalaňy diýip atlandyrypdyr. Olaryň baýdagyndaky gara reňkdäki düwlen ýumrugyň şekilini daşary ýurtlular boksçynyň elligi hökmünde kabul edipdirler.

♦ Hytaý imperatorlary özlerini **bogdyhan** diýip atlandyrypdyrlar.

♦ **Sinhaý** – şol wagtky hytaý ýylnamasy boýunça 30.01.1911 ý. – 17.02.1912 ý. çenli dowam eden ýylyň ady. Hytaýda 1912-nji ýylyň 12-nji fewralynda grigorian kalendaryna geçildi.

♦ **Mançžurlar** – tungus-mançžur halky. Mançžuriýanyň (Demirgazyk-Gündogar Hytaý) ýerli halky. XVII asyrdan başlap, olar hytaýlaşýarlar. Mançžurlaryň ata-babalary taryhda *çžurçženler* ady bilen mälimdir. «Çžurçžen» ýa-da has takygy «nýuýçžen» adyny mançžurlara hytaýlylar beripdir. «Nýuýçžen» – bu mançžurlaryň «altyn» diýen sözüniň hytaýça aýdylyşydyr. «Altyn» diýip mançžurlar özleriniň boýunda ýaşan Kergule derýasyny atlandyrypdyrlar. Mançžur etnonimi *mançžoi* taýpasynyň ady bilen baglydyr. Çžurçžen taýpalaryna mançžur diýen täze ady olaryň imperatory Abahaý beripdir.

♦ **«Wagt geler. Şonda Sowet Soýuzy iň gowy dost we ýaran hökmünde kuwwatly we erkin Hytaýy gutlar. Ezilen milletleriň erkinlik ugrundaky göreşinde iki ýurt hem el-ele berip, öňe giderler hem-de üstünlik gazanarlar».** *1925-nji ýylyň 11-nji martynda ýogalmazyndan bir gün öň Sun Ýatseniň «Sowet Soýuzyna Ýüzlenmesinden».*

## §5. 1905–1908-nji ýyllarda Hindistanda milli azat edijilik hereketiniň güýçlenmegi

XX asyryň başynda Hindistan Gündogaryň bakna edilen ýurtlarynyň arasynda senagat taýdan öseni hasaplanýardy. Demir ýollaryň, suwaryş kanallarynyň gurluşygyna goýulýan iňlis maýa goýumlarynyň möçberi barha artypdyr. Ýurduň ykdysadyýeti tutuşlygyna iňlisleriň gözegçiligindedi. Kolonial düzgüniň barha berkidilmegi Hindistanyň halklarynyň milli azat edijilik hereketiniň has güýjemegine getiripdir. Ýurtda açlyk we köpçülikleýin ýokanç keseller güýçlenipdir. 1896–1906-njy ýyllarda açlykdan 10 *milliondan* gowrak adam ýogalypdyr. Diňe 1904-nji ýylda mergi keselinden 1 *million* adam aradan çykypdyr. 1899–1900-nji ýyllarda daýhan gozgalaňlary ýurduň merkezi bölegini gurşap alypdyr. Demirgazyk-Günbatar welaýatlarda puştun taýpalary kolonizatorlaryň garşysyna eline ýarag alyp, göreşe başlapdyrlar. Iňlis hökümeti halk çykyşlaryny zor bilen basyp ýatyrmaga synanypdyr. Hindistanyň wise-koroly *Kerzon* hindi emeldarlaryny iňlisler bilen çalşyryp başlapdyr. Kerzonyň milli azat edijilik hereketiniň has güýçli ösen ýeri bolan Bengaliýany dini alamatlar boýunça iki bölege bölmegi ýurtda has uly nägilelik döretdi. 1905–1908-nji ýyllarda Hindistanda milli azat edijilik hereketi güýçlendi.

1905-nji ýylyň iýulynda iňlis kolonial häkimiýetleri Bengaliýany ikä bölmek hakynda karary çap etdi. Bu karara garşy tutuş ýurtda nägilelik çykyşlary başlan-

dy. Kararyň güýje girmeli güni – 1905-nji ýylyň 16-njy oktýabry Milli Kongresiň teklibi boýunça *milli matam güni* diýlip yglan edildi. Fabrikler, dükanlar, bazarlar ýapyldy. Iňlis harytlary boýkot edilip başlandy. Ol *swadeşi*[1] diýen watançylyk şygary astynda geçirildi. Bu hereketiň maksady hususy hindi önümçiligini ösdürmekden ybaratdy. Soňabaka swadeşiniň üsti «*swaraj*»[2] şygary bilen ýetirildi. Ähli ýerlerdäki ýygnanyşyklarda «*Hindistan hindiler üçin*!» diýen şygar ýaňlanýardy.

Rewolýusion göreşiň ýokary galan şertlerinde Hindi milli kongresiniň abraýy has ýokarlandy. Onuň ýolbaşçylarynyň arasynda liberallaryň täsiri uludy. Olar kemala gelip ugran hindi maýadarlarynyň bähbidini araýardy. Liberallar swaraj şygaryny Britan imperiýasynyň çäginde Hindistanyň örän çäklendirilen awtonomiýasyna syrykdyrýardylar. Swadeşi bolsa olar üçin iri hindi maýadarlarynyň ýagdaýyny berkitmegi, gümrük proteksionizminiň girizilmegini we hindi fabrik senagatyna döwlet goldawyny aňladýardy. Milli azat edijilik hereketiniň güýçlenmegi bilen halkyň arasynda onuň has aýgytly hereketleriň tarapdary bolan ganatynyň hem-de olaryň serdary *Bal Gangadhar Tilagyň* (1856–1920) abraýy artyp başlaýar. Olar swadeşi we swaraj şygarlaryna Hindistanyň milli garaşsyzlygy ugrundaky çagyryş hökmünde seredýärdiler. Tilagyň tarapdarlary ýurdy demokratik döwlete öwürmegi ündeýärdiler. Olar halk köpçüliginiň aşaky gatlagyny hem göreşe aýaga galmaga çagyrýardylar. Aýgytly hereketler ganatynyň tarapdarlarynyň bellibir syýasy guramasy ýokdy. Olar ýaragly gozgalaňy taýýarlamagy maksat edinýärdiler. Iňlis kolonizatorlaryna garşy has aýgytly göreşiň tarapdary bolsa-da, Tilak ýaragly gozgalaňy goldamandyr. Ol Hindistanda ýaragly gozgalaň etmek üçin zerur şertler ýok diýip hasaplapdyr. Onuň göreş usuly iňlis harytlaryndan ýüz öwürmegi giňeltmekden we güýç ulanmazdan iňlis kanunlaryny köpçülikleýin bozmak bilen, köpçülikleýin çykyşlary guramakdan ybaratdy. Ol muny «*passiw garşylyk görkeziş*» diýip atlandyrypdyr. Bellibir derejede Tilagy Gandiniň ideýasynyň esasyny goýujy hem hasaplap bolar. Hindi milli kongresinde azlykdygyna garamazdan, halkyň arasynda Tilagyň tarapdarlary köplükdi.

1906–1907-nji ýyllarda ýurduň ähli ýerinde rewolýusion hereket güýçlenýär. Hindi dermirýolçulary köpçülikleýin iş taşlapdyrlar. 1907-nji ýylyň baharynda Gündogar Bengaliýada daýhanlaryň *zamindarlara* we süýthorlara garşy köpçülikleýin çykyşlary bolýar. Ýer we suw salgydynyň artdyrylmagyndan nägile penjaply daýhanlar hojaýynlarynyň garşysyna aýaga galypdyrlar. Herekete Lajpat Raý we Ajit Singh ýolbaşçylyk edipdir. Tolgunyşyklar Penjabyň paýtagty Lahory we sikhleriň dini merkezi Amritsary hem gurşap alypdyr. Howsala düşen iňlis häkimiýeti bu ýer-



*Bal Gangadhar Tilak*

[1] «Swadeşi» «öz ýerim» diýmegi aňladýar.

[2] «Swaraj» «öz dolandyryşym» diýmegi aňladýar.



3. Sargyt № 3172

de harby ýagdaýy girizipdir. Hereketiň öňbaşçylary tussag edilipdir. 1907-nji ýylyň noýabrynda Günorta Hindistan demirýolunyň işçileriniň iri iş taşlaýşy başlanypdyr.

1905-nji ýylyň ahyrynda Kerzonyň ýerine Hindistanyň wise-koroly wezipesine *Minto* geçipdir. Şol ýylyň ahyrynda Beýik Britaniýada häkimiýete gelen liberallar partiýasy Hindistandaky milli azat-edijilik hereketini gowşatmaga gönükdirilen çärelere başlapdyr. Ol 1906-njy ýylda özgertmelere başlajakdygyna söz beripdir. Welaýatlardaky kanun çykaryjy geňeşlerde saýlawlaryň giriziljekdigi, musulmanlar üçin aýratyn saýlaw toparlarynyň (*kuriýa*) giriziljekdigi aýan edilipdir. 1906-njy ýylyň dekabrynda iňlis kolonial häkimiýetiniň goldamagynda *Musulman ligasy* döredilip, onuň ilkinji baştutany Aga han bolupdyr. Onuň bilen bir wagtda diýen ýaly «*Hindu mahasabha*» («*Induslaryň beýik birleşmesi*») atly indus dini-milletçi guramasy döredilipdir. Dogry, Musulman ligasy we Hindi milli kongresi (HMK) birbada bilelikde iňlis sütemine garşy göreşmäge synanyşdylar. Emma barybir iňlisler Hindistanda milli azat edijilik hereketiniň badyny gowşatmak üçin induslar bilen musulmanlaryň agzyny alartmagy başarypdyrlar.

1907-nji ýylyň dekabrynda bolan gurultaýda HMK-da göreşiň usullary babatda bölünişik ýüze çykypdyr. Liberallar boýkoty bes etmegi talap edipdirler. Aýgytly hereketiň tarapdarlary muny dönüklik hasaplapdyrlar. Tilak we onuň tarapdarlary Kongresden kowlupdyr. Kongresiň ikä bölünmegi liberallaryň halkyň köpçülikleýin hereketinden gorkandygynyň alamatydy. Tilagyň tarapdarlary milletçi partiýany esaslandyrmaga synanyşypdyrlar. Emma ol kanundan daşgary diýlip yglan edilipdir. Kongresiň bölünmegi rewolýusion göreşiň birneme kiparlamagyna getiripdir. Emma 1908-nji ýylda hem aýry-aýry çykyşlar bolupdyr. Ýanwarda 8 *müň* demirýolçy, aprelde Bombeýde 10 *müň* dokmaçy iş taşlapdyr.

1908-nji ýylyň iýulynda iňlisler Tilagyň üstünden kazyýet işini gurapdyrlar. Tilak kazyýetde sözlän sözüni kolonizatorlaryň aýybyny açmaga gönükdiripdir. Ol 6 ýyl katorga sürgüne höküm edilipdir. Tilagyň tussag edilmegi ýurtda iş taşlaýyşlaryň gaýtadan başlanmagyna getiripdir. 23-nji iýulda Bombeýde 100 *müň* adam iş taşlapdyr. Ol alty günläp dowam edipdir. Iýul wakalary Hindistandaky milli azat edijilik hereketiniň iň ýokary galan nokady bolupdy. Şondan soň ol pese gaçyp başlady.

Hindistanda 1905–1908-nji ýyllardaky milli azat edijilik hereketi ýeňildi. Emma ol Hindistanyň halklarynyň ilkinji aňly-düşünjeli, syýasy taýdan guramaçylykly hereketi bolupdy. Oňa diňe jemgyýetiň barly gatlagy däl, eýsem, işçiler we daýhanlar hem işjeň goşulypdy. Ol jemgyýetdäki syýasy güýçleriň maksatlaryny aýdyňlaşdyryp, olaryň aýry ganatlara bölünmegine getiripdi. Ýeňlendigine garamazdan, bu hereket iňlisleri käbir eglişikleri etmäge mejbur etdi. 1909-njy ýylda iňlis parlamenti «*Hindi kanun çykaryjy geňeşleri hakda Akty*» kabul etdi. Täze kanuna görä, Ählihindi kanun çykaryjy geňeşiniň agzalarynyň ýarpysy we ýerli kanun çykaryjy geňeşleriň agzalarynyň köpüsi saýlawly esasda bellenmelidi. Emma bu düýpli eglişik däldi. Çünki kanun çykaryjy geňeşleriň ygtyýarlygy örän çäklendirilen bolup, olar diňe wise-korola

maslahat bermäge hukuklydy. Saýlawlaram göni däl-de, iki we üç basgançaklydy. Takmynan 300 *million* ilatly Hindistanyň ilatynyň diňe birnäçe müň ilaty saýlaw hukugyna eýedi. 1910-njy ýylda çykarylan metbugat hakdaky kanun boýunça kolonizatorlar özlerine garşy göreşe çagyrýan hindi gazetlerini ýapmaga, ýygnamaga we olara jerime salmaga ygtyýarlydy. 1911-nji ýylda iňlis hökümeti Bengaliýanyň bölünmegi hakdaky kanuna gaýtadan seretdi. Onuň günbatar we gündogar bölegi gaýtadan birleşdirildi. Bihar we Orissa, şeýle hem Assam aýratyn welaýata öwrüldiler. Paýtagt rewolýusion Kalkuttadan uzaklaşdyrylyp, Delä geçirildi. 1905–1908-nji ýyllaryň hereketiniň Hindistanyň milli azat edijilik hereketiniň taryhynda ähmiýeti örän uly boldy. Bengal ýazyjylary Rabindranat Tagoryň (1861–1941), Şorotçondro Çattopadhaýyň, hindi ýazyjysy Premçandyň, urdu dilinde eser ýazan Muhammet Ykbalyň eserlerinde hindi halkynyň milli azat edijilik hereketiniň ýokarky sahypalary çeper beýan edilipdir.

## II BAP. ÝAPONIÝA XX ASYRYŇ BAŞYNDA

**«Ýapon ruhy, ýewropa bilimi».** Daşarky täsirlere sabyrlylygy hem-de olary milli ruha kybapdaş ýagdaýda kabul etmäge ukyplylygy ýapon siwilizasiýasynyň häsiýetli aýratynlygydyr. Şonuň üçin hem Günbataryň tejribesiniň kabul edilmegi ýapon durmuşynyň düzgünlerine zyýanly täsirini ýetirmedi. Ýapon jemgyýetinde täzeleniş ruhy döredi. Ýewropa bilim ulgamy, senenamasy ornaşdyryldy. Eýýäm XX asyryň başynda Ýaponiýada ýewropa geýimleri jemgyýetiň öňdebaryjy gatlagynyň durmuşyna ornaşyp ugrady. Ýewropa däpleri ýapon düzgün-nyzamlylygy, borç we jogapkärçilik, ululary sylamak duýgulary bilen utgaşdy. Ýewropa bilimleri bilen «ýaraglanan» Ýaponiýa XX asyra öz halkynyň asyrlarboýy dowam edip gelýän milli ruhuny saklap galmak bilen ätledi. Bu asyrda «*ýapon ruhy we ýewropa bilimi*» oňa ajaýyp üstünlikleri getirdi.

**1900–1914-nji ýyllarda ýapon ykdysadyýetiniň güýçli ösmeginiň sebäpleri.** Ýaponiýany imperator dolandyrýardy. Imperator ýaponlar üçin milli galkynyşyň simwoly hasaplanýardy. 1867–1912-nji ýyllarda ýurduň imperatory *Musuhitody*.



***Musuhito** (1852–1912). Ýaponiýanyň 122-nji imperatory. Generalissimus harby çinine eýe. Ýaş şazada doglan wagty Satinomiýa («şazada Sati», başgaça «bagtly şazada» ady dakylýar. 1860-njy ýylda tagt mirasdary diýlip yglan edilýär. Onuň dolandyran döwri «Meýdzi», ýagny «magaryflaşan hökümdarlyk» adyny alypdyr. Musuhitonyň Ýaponiýany milli däpleri saklap galdyrmak bilen, Günbatar nusgasynda döwrebaplaşdyrmak boýunça geçiren özgertmeleri «Meýdziniň rewolýusiýasy» ady bilen taryha girdi.*

XX asyryň başynda Ýaponiýa ösen senagat pudakly, çalt ösýän döwletleriň hataryna goşuldy. Senagat çalt depgin bilen ösýärdi. Önümçilik ýöriteleşip, ýerli iri hususyýetçiler döräp ugrapdy. Ýaponiýa daşary ýurtlara maýa goýum goýmaga başlapdy.

Ýurduň dolandyryjylary ykdysady ösüşiň 10 ýyllyk maksatnamasyny kabul etdiler (1896–1905). Oňa laýyklykda, agyr senagaty we ýaraglanyşygy ösdürmek baş maksat bolup durýardy. Döwlet karz bermek arkaly senagat kärhanalaryny goldaýardy. Döwlet hemaýaty ozaly bilen goşunyň we flotuň ýaraglandyrylmagyny goldaýan kärhanalara berilýärdi.

**Näme üçin Aziýada aýratyn Ýaponiýa beýle çalt ösdükä?!**

Onuň *birinji* sebäbi, Ýaponiýa ýewropalylaryň koloniýasyna öwrülmän, özbaşdaklygyny saklamagy başarypdy;

*Ikinjiden*, ýapon hökümetiniň alyp baran daşary syýasaty netijesinde Ýaponiýanyň özi kolonizator ýurda öwrülipdi;

*Üçünjiden*, ýapon hökümetiniň alyp baran syýasaty Ýaponiýanyň çalt ösmegine ýardam beripdi. Mysal üçin, ýapon hökümeti öz hasabyna senagat kärhanalaryny gurup, olary has arzan bahadan, köplenç, karzyna hususyýetçilere berip, ýerli baýlary döredipdi.

*Dördünjidenem*, Ýaponiýa bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe dünýäniň iň öňdebaryjy tehnologiýasyny ykdysadyýetine ornaşdyrypdy. Başgaça, Ýaponiýa Günbataryň ähli öňki geçen ýoluny gaýtalaman, onuň ösüp, ýeten derejesini ösüşe badalga edinipdi.

Geçirilen çäreleriň netijesinde tebigy baýlyklara garyp Ýaponiýa daşardan getirilýän çig maldan taýýar önüm öndürip, senagat taýdan ösen ýurda öwrülip başlapdy. 1900–1913-nji ýyllarda Ýaponiýada senagat ösüşiniň möçberi 193%-e deň bolupdy. Bu görkeziji degişlilikde ABŞ-da – 85%-e, Germaniýada – 54%-e, Fransiýada – 51%-e, Beýik Britaniýada – 25%-e deňdi. Sanlardan görnüşi ýaly, asyryň başynda Ýaponiýa senagat ösüşiniň depgini boýunça dünýäniň öňdebaryjy döwletlerinden öňe geçipdi.

**Ýaponiýanyň daşary syýasaty. Koreýanyň Ýaponiýanyň koloniýasyna öwrülmegi.** Senagat taýdan ösen we goşunyny güýçlendiren Ýaponiýa bakna edijilik syýasatyny ýöredip başlapdyr. Koreýa ýarym adasyndaky gapma-garşylyklar 1894–1895-nji ýyllardaky ýapon–hytaý urşuna getiripdir. Uruşda Hytaý ýeňlipdi. *Simoneseku* ýaraşyk şertnamasyna laýyklykda, Hytaý Koreýadan el çekipdi. Taýwan we Penhuledao (Peskador) adalary Ýaponiýa berlipdi. Koreýa Ýaponiýanyň täsirine düşüpdi. 1911-nji ýylda eýýäm Ýaponiýa ösen döwletleriň arasynda özüni deň derejeli bäsdeş hasaplaýardy. Onuň maksady Hytaýda, Uzak Gündogarda we Ýuwaş ummanynyň basseýninde ýeke-täk hojaýyna öwrülmekdi. Ýaponiýa 22 *müň* adamly goşunyny iberip, Hytaýda ihetuanlaryň gozgalaňyny basyp ýatyrmaga gatnaşypdyr. Günbatar döwletleriniň Hytaýy täsir zolaklaryna bölmek ugrundaky hereketleri se-

bitde ýiti gapma-garşylyklara getiripdir. Russiýanyň, Germaniýanyň we Fransiýanyň basyşy astynda Ýaponiýa Hytaýa Simoneseku ýaraşyk şertnamasy boýunça eýelän Lýaodun ýarymadasyny gaýtaryp bermeli bolupdy. 1896-njy ýylda baglaşylan rus--hytaý şertnamasy esasynda patyşa Russiýasynyň Hytaýda, aýratyn-da Mançžuriýada täsiriniň güýçlenmegi Ýaponiýanyň bähbidine däldi. Koreýa meselesinde hem onuň bähbitleri Russiýa bilen çaprazdy.

Ýaponiýanyň baknalyk syýasatynyň ilkinji pidasy Koreýa bolupdy. Koreýa Hytaýa garaşlydy. Ýapon-hytaý urşunda Hytaý Taýwany Ýaponiýa bermäge mejbur bolupdy. Ýaponiýa üçin özüniň söwda portlaryny açmaga, oňa *kontribusiýa* tölemäge borçlanypdy. Bu tölegler ýapon ykdysadyýetiniň, esasan, harby pudaklaryny ösdürmäge gönükdirilipdir. 1899-njy ýylda Beýik Britaniýa Ýaponiýa harby maksatlar üçin uly möçberde karz berdi. Bronenosesleri we agyr kreýserleri iberdi. 1902-nji ýylyň 30-njy ýanwarynda Beýik Britaniýa bilen Ýaponiýa harby ýaranlyk hakda şertnama baglaşypdyrlar.

Ýaponiýanyň Hytaýa garşy urşy Koreýa ýarym adasynda we Günorta Mançžuriýada rus–ýapon gapma-garşylyklaryny ýitileşdirdi. Russiýa Koreýany öz täsirinde saklamaga synandy. Dawalar rus-ýapon urşuna getirdi.

**1904–1905-nji ýyllardaky rus-ýapon urşy.** Ýaponiýa 1904-nji ýylyň 8-nji fewralynda Port-Arturda we Çemulpoda (Koreýa) rus flotunyň üstüne çozdy. 1904–1905-nji ýyllaryň rus-ýapon urşy başlandy. Uruş turuwbaşdan Ýaponiýa üçin üstünlikli boldy.




*Susima deňiz söweşi*




*Rus-ýapon urşy. Ýapon karikaturasy*

Ýaponiýa Russiýanyň urşa taýýarlyksyzdygyndan peýdalanyp, dessine aýgytly hüjüme geçipdir. Russiýa bolsa öz wagtynda Uzak Gündogara goşunyny jemläp ýetişmändir. Lýaoýanyň (1904 ý. awgust) we Mukdeniň (1905 ý. mart) eteginde bolan esasy söweşlerde Russiýa ýeňlipdir. Russiýa ýaraşyk şertnamasyny baglaşmagyň ýoluny agtarypdyr. 1905-nji ýylyň 28-nji maýynda Susima bogazynda rus flotunyň derbi-dagyn edilmegi bilen harby hereketler tamamlanypdyr. ABŞ-nyň prezidenti Teodor Ruzwelt ýaraşyk baglaşmakda uruşýanlaryň arasynda araçy bolupdyr. 1905-nji ýylyň 5-nji sentýabrynda *Portsmutda* (ABŞ) ýaraşyk şertnamasyna gol çekilip, oňa laýyklykda Ýaponiýa Koreýanyň üstünden öz agalygyny ýola goýýar. Port-Artur bilen bilelikde Russiýa degişli bolan Lýaodun ýarymadasyndaky we Dalniýdäki kärende ýerleri (Kwantun welaýaty), Günorta Mançžuriýadaky demirýol şahasy, Sahaliniň günortasy Ýaponiýa berlipdir. 1910-njy ýylda Ýaponiýa Koreýany doly öz bakna ýurduna öwürýär. 1910-njy ýylyň 22-nji awgustynda ol Ýaponiýanyň general-gubernatorlygy diýlip yglan edildi. Iki Jahan urşy aralygynda Koreýa ýapon agrar-çig mal ýapjasyna öwrüldi. Daýhanlaryň ýeri dürli ýollar bilen elinden alnyp, ýapon kompaniýalaryna we göçüp gelenlere berildi. Ýaponlar koreýleri kemsitmek we ýaponlaşdyrmak syýasatyny alyp bardylar. Koreý dilini mekdeplerde okatmak, iş we kazyýet ýöredişde ulanmak gadagan edilipdir. Koreý taryhy baradaky kitaplaryň saklanmagy üçin jerime salnypdyr ýa-da türme tussaglygy göz öňünde tutulypdyr. Koreýada ýaponlar üçin aýry, koreýler üçin aýry kada-kanunlar dowam edipdir. Ýapon zulumyna garşy 1919-njy ýylyň 1-nji martynda Koreýada uly gozgalaň boldy. Emma ol gana boýaldy. Kwantunda ornaşmak bilen Ýaponiýa özüniň Günorta Mançžuriýadaky pozisiýasyny hem berkitdi. Ol indi Hytaýda doly ornaşmaga taýýarlyk görýärdi. Munuň üçin Koreýa Ýaponiýanyň daýanç nokady bolmalydy.

# III BAP. AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARY BIRINJI JAHAN URŞY ÝYLLARYNDA

Aziýa ýurtlary hem, edil Ýewropaça bolmasa-da, Birinji Jahan urşunyň elhençliklerini gerdeninde çekipdiler. Dogry, Aziýada uruş hereketleri diňe Ýakyn Gündogarda we Ýaponiýa tarapyndan Germaniýanyň Hytaýdaky eýeçiliklerinde alnyp baryldy. Aziýanyň döwletleri gönüden-göni uruş hereketlerine gatnaşmasalar-da, koloniýa we ýarym koloniýa bolandyklary üçin uruşýan döwletleriň adam we çig mal çeşmesi bolup durýardy. Uruş döwri kolonizator döwletler özlerine garaşly halklardan alynýan salgydy ýokarlandyrdylar. Fransiýa özüne bakna halklardan 1,5 *mln*, Beýik Britaniýa 4,5 *mln* adamy goşunçylyga aldy.

Uruş ýyllarynda Aziýa we Afrika ýurtlarynda açlyk, keselçilik artdy. 1915--nji ýylda Siriýada ilatyň ondan biri açlykdan we keselçilikden ýogalypdyr. 1915–1916-njy ýyllarda Liwanyň, Siriýanyň, Palestinanyň, Eýranyň ilaty elhenç açlyk belasyny gerdeninde çekmeli boldy. 1918-nji ýylda tutaşan «ispan mergisi» sebitiň ilatynyň millionlarçasynyň ömür tanapyny kesdi.

Uruş döwri Aziýanyň ýerli önümçiligi ösdi, çünki daşardan haryt gelmegi azalypdy. Ýerli senagatyň ösmegi ýerli işçileriň sanynyň artmagyna getirdi. Işçileriň sanynyň artmagy olaryň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň pes bolmagy dolandyryjylara garşy ykdysady, syýasy talaplar bilen alamatlanýan çykyşlaryň güýçlenmegine getirdi. Dünýäniň dürli sebitlerinde bolup, uruşdan gaýdyp gelen esgerler, özleri bilen dünýädäki rewolýusion pikirleri hem getiripdirler. Birinji Jahan urşy we Ýewropadaky rewolýusion wakalar Aziýany sarsdyrdy. Birnäçe gozgalaňlar, milli azat edijilik hereketleri, rewolýusiýalar bolup geçdi.

Umuman, uruş Aziýa we Afrika halklaryna ozal görlüp-eşidilmedik elhençlikleri, horluklary, açlyk, tozgunçylyk, keselçilik, ykdysady ýitgileri getirdi.

## §1. Hytaý Birinji Jahan urşy ýyllarynda

Birinji Jahan urşy başlanan badyna, Ýuan Şikaý Hytaýyň bitaraplygyny yglan edipdir. Emma Hytaýyň biri-biri bilen duşmançylykly döwletleriň täsir zolaklaryna paýlaşylandygy zerarly onuň dünýä urşundan çetde galmagy mümkin däldi. Urşuň başynda Beýik Britaniýa, Fransiýa we Russiýa Hytaýy Antantanyň tarapyna çekmäge ymtylypdyrlar. Emma ýewropalylaryň öz kontinentinde uruş bilen başagaý bolmagy sebäpli, olaryň alysdaky Hytaýda öz täsirini saklamaga mümkinçiligi ýokdy. Mundan peýdalanyp, Birinji Jahan urşy ýyllarynda Hytaýda Ýaponiýanyň we ABŞ-nyň täsiri has artypdyr.

1914-nji ýylyň awgustynda hytaý hökümeti özüniň bitaraplygyny yglan edip, uruşýan döwletlere uruş hereketlerini öz ýurdunyň, şol sanda daşary ýurtlaryň «kä-

rendesine» alan ýerleriniň çäklerine geçirmezligi haýyş edipdir. Emma 22-nji awgustda Germaniýa garşy uruş yglan eden Ýaponiýa Sindaonyň demirgazygyna 30 *müň* adamly goşunyny düşüripdir. Iki aýlyk harby hereketleriň dowamynda Ýaponiýa Şandundaky nemes eýeçiliklerini eýeläp, ýarymadanyň ähli ýerinde öz gözegçiligini ýola goýupdyr. Ýuan Şikaýyň hökümeti garşylyk görkezmeg-ä beýle-de dursun, monarhiýany dikeltmekde goldaw berer diýen hantamaçylyk bilen ýaponlaryň öňünde ýaýaplapdyr.

1915-nji ýylyň 18-nji ýanwarynda Ýaponiýa Hytaýyň öňünde 5 sany topara bölünýän «21 talaby» goýdy. Olaryň mazmuny şulardan ybaratdy:

1. Şandun welaýatyna Ýaponiýanyň hukugyny berkitmek (Ýaponiýa demir ýollary gurmaga hukuk bermek, Şandun welaýatynyň esasy şäherlerini we portlaryny Ýaponiýa üçin açmak).

2. Mançžuriýada we Içerki Mongoliýanyň oňa ýanaşýan ýerlerinde Ýaponiýanyň harby-syýasy we ykdysady gözegçiligini ýola goýmak (Port-Arturyň we Daýreniň, Günorta mançžur we Andun-Mukden demir ýolunyň kärendesini 99 ýyla çenli uzaltmak, ýaponlara ýerleri satyn we kärendesine almakda, ol ýerlerde ýaşamakda, ondan oňa erkin hereket etmekde, islendik iş bilen meşgullanmakda erkinlik bermek, olara magdan känlerini işläp bejermäge rugsat bermek, demir ýol gurmak barada daşary ýurtlara konsessiýalary berende, ýurda syýasy, maliýe ýa-da harby meseleler boýunça maslahatçylar zerur bolanda Hytaý Ýaponiýa bilen öňünden ylalaşmalydy, Girin-Çançun demir ýoly 99 ýyl möhlet bilen Ýaponiýa berilmelidi).

3. Merkezi Hytaýdaky Hanýepin metallurgiýa kombinatynyň üstünden gözegçiligi ýola goýmak.

4. Daşary ýurtlaryň hiç birine Hytaýyň kenarýaka ýerlerini eýelemäge ýol bermezlik.

5. Hytaýyň ähli ýerinde Ýaponiýanyň agalygyny ýola goýmagyň giňişleýin maksatnamasy. Soňky talapda hytaý hökümetiniň ýapon harby, syýasy we maliýe maslahatçylaryny çagyrmagy, Hytaýyň polisiýasyny we harby senagatyny bilelikde dolandyrmak, senagat we demirýol gurluşygyny Ýaponiýanyň ygtyýaryna bermek göz öňünde tutulypdy. Hytaý harby enjamlaryň ýarpysyna golaýyny Ýaponiýadan satyn almaga borçlanmalydy.

Talapnamanyň gowşurylyşy diplomatik kadalardan çykma hökmündedi. Ol Daşary işler ministrliginiň üsti bilen däl-de, ýapon diplomaty tarapyndan göni Ýuan Şikaýyň özüne gowşurylypdyr. Notany açan badyna Ýuan Şikaý ondaky kagyzyň gorag belgilerinde drednoutlaryň we pulemýotlaryň şekillendirilendigini görüpdir. Munuň özi gönüden-göni Hytaýyň Ýaponiýa tabyn bolmalydygy hakyndaky haýbat atýan talapnamady. Halkyň watançylyk ruhly gatlagynyň basyşy astynda hem-de ABŞ-nyň, Beýik Britaniýanyň, Fransiýanyň goldawyndan tamakin Ýuan Şikaý «21 talaby» kabul etmän, Ýaponiýa bilen söwdalara başlapdyr. Emma ABŞ we Beýik Britaniýa

hytaý hökümetine Ýaponiýa bilen açyk garşylyga girmän, onuň talaplaryny kabul etmegi teklip edipdir. Ýaponiýa 5-nji topara girýän talaplary birneme ýumşadyp, olary «talap» däl-de, «isleg» diýip atlandyrypdyr. 1915-nji ýylyň 9-njy maýy – Ýuan Şikaý tarapyndan «21 talabyň» kabul edilen güni ýurduň taryhyna *milli masgaraçylyk güni* hökmünde girdi. Ýurtda watançylyk, ýaponlara garşy hereket başlapdyr. Halk ýapon harytlaryny boýkot edipdir, ýaponlara garşy çykyşlar başlanypdyr.

Halk hereketinden gorkan ýapon dolandyryjylary «21 talaby» ýatyrypdyrlar. Olar Hytaýda monarhiýany dikeltmekden gorkupdyrlar. Antanta ýurtlary hem özüniň monarhiýany dikeltmek matlaplaryndan saklanypdyr. Diňe ABŞ Ýuan Şikaýyň imperator bolmak hyjuwyny ikelläp goldapdyr. Ýuan Şikaýyň hökümetindäki döwlet hukugy boýunça maslahatçy amerikan professory Gudnou Hytaýa respublikan gurluşyň ýaramly däldigini «subut edýän» we monarhiýa gurluşyna dolanmagy maslahat berýän taslamany işläp düzüpdir. 1916-njy ýylyň 1-nji ýanwary täze monarhiýa ýyl hasabynyň birinji güni diýlip yglan edilipdir. Ýurtda monarhiýanyň dikeldilmegi ýurtda ählumumy närazylygyň başlanmagyna getiripdir.

Ýurtda respublikany goldamak ugrunda hereket başlanypdyr. Ýuan Şikaýyň goşuny yzly-yzyna ýeňlişe sezewar bolupdyr. Hytaýyň welaýatlary paýtagtdan bölünip başlapdyr. Krizisiň ýitileşen şertlerinde 1916-njy ýylyň 6-njy iýunynda Ýuan Şikaý ýürek agyrysyndan duýdansyz aradan çykypdyr. Ýurt köpsanly harby-feodal mülklere bölünipdir. Olaryň hersi daşary ýurtlaryň biriniň goldawyna bil baglapdyr. Ýuan Şikaýyň ýerine prezidentlige öňki wise-prezident Li Ýunhan geçipdir. Täze wise-prezident Fyn Goçžanyň ýolbaşçylygyndaky *çžili toparlanyşygy* iňlis-amerikan täsirinde, premýer-ministr Duan Sijuýyň toparlanyşygy bolsa ýaponlaryň täsirinde bolupdyr.

1916-njy ýylyň 1-nji awgustynda 1912-nji ýylyň Konstitusiýasy dikeldilipdir, parlament çagyrylypdyr. 1916-njy ýylyň ahyrynda Demirgazyk bilen Günortanyň arasynda ýüzleý ylalaşyk gazanylypdyr. Demirgazyk toparlanyşygynyň arasynda Hytaýyň Jahan urşuna goşulmagy meselesinde ýiti göreş başlanypdyr. Hökümet baştutany Germaniýa bilen gatnaşyklary kesip, derrew Antantanyň tarapynda Hytaýyň urşa goşulmagynyň tarapdary bolsa, prezident ikirjiňlenipdir. Sun Ýatsen 1917-nji ýylyň aprelinde «*Hytaýyň ýaşaýşy we pajygasy hakdaky mesele*» diýen işinde Hytaýyň urşa goşulmagyna düýbünden garşy çykyp, demirgazyk hökümeti öz şahsy bähbidine çapmakda aýyplapdyr. 1917-nji ýylyň iýunynda Li Ýunhan parlamenti dargadypdyr. 1-nji iýunda general Çžan Sýun Pekine goşun salyp, monarhiýanyň dikeldilýändigini yglan edipdir. Öwrülişigiň ruhy goldawçysy Kan Ýuweý bolupdyr. 12 ýaşyna ýeten Pu İ tagta çykarylypdyr. Emma oňa bary-ýogy 12 gün imperator bolmak miýesser edipdir. Duan Sijuý «respublikany goramak» baýdagynyň astynda Pekine goşun salyp, häkimiýeti öz eline alypdyr.

1917-nji ýylyň 6-njy aprelinde ABŞ-nyň urşa goşulmagynyň yzysüre 14-nji awgustda Hytaý hem Antantanyň tarapynda durup, Germaniýa garşy uruş yglan

etdi. Emma ol uruş hereketlerine gatnaşmady. Ol Günbatar fronta harby-gurluşyk işlerinde işletmek üçin 10 müňlerçe işçileri ugratmak hem-de uruş üçin 220 *mln* dollar maliýe serişdesini harçlamak bilen çäklendi.

Ýuan Şikaý aradan çykansoň, Sun Ýatsen Ýaponiýadan gaýdyp gelip, Hytaýyň urşa goşulmagyna garşy we respublikan gurluşy goramak üçin göreşe başlady. Ol Hytaýyň Günortasynda özbaşdak hökümet döretdi. Şu döwürden başlap, 1925–1927-nji ýyllaryň rewolýusiýasyna çenli Hytaýda hakyky häkimlik *duszýunlaryň* – welaýatlaryň harby hökümdarlarynyň eline geçipdir. Birinji Jahan urşy ýyllarynda daşary ýurt harytlarynyň bäsdeşliginiň azalmagy Hytaýyň milli ykdysadyýetiniň ösmegine oňaýly täsir etdi.

## § 2. Birinji Jahan urşunyň Hindistana täsiri

Hindistan öňküsi ýaly, Beýik Britaniýa garaşly, kolonial ýurt bolmagynda galýardy. Birinji Jahan urşy döwri Hindistanyň birnäçe ýerlerinde açlyk, keselçilik başlanypdyr. Hindistan iňlisleriň uruş hajatlarynyň kanagatlandyrylýan ýerine öwrülipdi. Ýurt Ýakyn Gündogardaky fronta azyk, egin-eşik, ýarag, demir ýol relslerini ýollaýardy. Iňlisler bu zatlary örän pes bahadan satyn alýardy. 1913–1919-njy ýyllarda Hindistandan 5,2 *mln* tonna azyk alnyp gidilipdir.



*Hindistanly sypaýylar Somma derýasynyň boýundaky söweşde*

Harby çykdajylaryň mukdary boýunça Hindistan Britan imperiýasynda Angliýanyň özünden soňra ikinji ýerde durýardy. Hindistandan fronta azyk, egin-eşik, ýarag, enjamlar, gurluşyk materiallary ugradylýardy. Resmi maglumata görä, Hindistanyň urşuň hajatlary üçin çykaran çykdajylary 200 *mln* funt sterlinge deňdi. Mundan daşgary, iňlis-hindi hökümeti Angliýa birwagtlaýyn karz hökmünde 100 *mln* funt sterling beripdir. Mejbury häsiýetde uruş üçin ýygymlar hem ýygnalýardy.

Uruş mahaly hindistanly esgerleriň 1,5 *milliony* Beýik Britaniýanyň tarapynda durup, dünýäniň dürli sebitlerindäki – Ýewropadaky, Ortaýer deňzindäki, Afrikadaky, Ýakyn Gündogardaky uruş hereketlerine gatnaşdy. Olaryň yzyna gaýdyp gelenleri dünýädäki wakalardan habarly bolup geldiler. Uruşdan soňra olar özbaşdaklyk ugrunda göreşip başladylar. Uruş ýyllary müňlerçe hindistanly Fransiýa, iňlis goşunlary tarapyndan eýelenen Yraga we beýleki ýurtlara *päleçilige* ugradyldy. Özi açlyk çekýän Hindistan Aziýada we Afrikada iňlis esgerlerini azyk bilen üpjün edýärdi. Söweşe gatnaşýan hindi goşun bölümleri onuň öz hasabyna maliýeleşdirilýärdi.

Uruş döwründe Hindistana Beýik Britaniýadan senagat harytlarynyň getirilmeginiň üzül-kesil azalmagy ýerli milli senagatyň ösmegine getirdi. Hindistanly senagat eýeleriniň we işçileriniň sany artdy. Ýerli senagatçylar iňlis hojaýynlary bilen hyzmatdaşlyk edip, öz ýurdunyň maddy we adam resurslarynyň urşuň hajatlaryna gönükdirilmegine ýardam etdiler. Hindi fabrikantlary esgerler üçin aýakgap, harby egin-eşik, dürli esbaplary we enjamlary ýasamaga sargyt aldylar. 1915-nji ýylda iňlisler eglişik edip, Hindistana getirilýän ähli harytlara gümrük paçlaryny 5%-e çenli azaltdy. Şol bir wagtyň özünde ýerli, milli senagat eýeleri özbaşdaklyk ugrunda göreşi hem güýçlendirdiler. Dokma senagaty güýçli depginde ösdi. Senagatyň metaly gaýtadan işleýän kärhanalary giňeldildi. Onuň girdejileri 4 esse artdy.



*Hindistanyň derwezesi – Birinji Jahan urşunda wepat bolan hindistanly esgerleriň hatyrasyna gurlan ýadygärlik*

Milli azat edijilik hereketiniň ösmeginden gorkan iňlis hökümeti ýurtda harby-polisiýa düzgünini ornaşdyrdylar. 1915-nji ýylyň «*Hindistanyň goranyşy hakyndaky*» kanunyna görä, olar çäklendirilmedik hukukdan peýdalanýardylar. Bu döwürde müňlerçe adamlar derňewe we kazyýete çekilmezden, türmelere dykyldy. Tussaglaryň ýagdaýy çekip-çydardan gaty erbet bolupdyr. Beýle şertlere milli azatlyk hereketiniň lideri Tilak hem çydamandyr. Ol 1914-nji ýylda eden işine ökünýändigini boýun alyp, «günäsiniň geçilmegini» haýyş edipdir. Ony tussaglykdan boşadypdyrlar. Emma Tilagyň bu hereketi onuň abraýynyň peselmegine getiripdir. Asyl käri hukukçy bolan *Mahatma Gandiniň* abraýy artyp, ol milli azatlyk hereketiniň liderine öwrülipdir.

Birinji Jahan urşy ýyllarynda Hindi Milli kongresi we Musulman ligasy Hindistanyň öz-özüni dolandyrmagy (*gomrul*) ugrundaky hereketi güýçlendirdiler. Indi iňlis hökümetine öňki köne usullar bilen Hindistany baknalykda saklamak barha kyn düşýärdi. 1917-nji ýylyň awgustynda Hindistanyň içeri işleri boýunça ministri *Montegýunyň jarnamasy* kabul edildi. Ol boýunça britan dominionlarynyň nusgasynda Hindistana konstitusiýa kabul etmäge ygtyýar bermek wada edilýärdi. Uruş ýyllarynda Hindistanda özakymlaýyn halk tolgunyşyklarynyň ençemesi boldy. Olaryň iň irisi Bombeý dokmaçylarynyň 1917-nji ýyldaky ykdysady iş taşlaýşy hasaplanýar.

♦ Birinji Jahan urşy ýyllarynda Beýik Britaniýa öz koloniýalaryndan 4,5 *mln* adamy esgerlige alypdyr.

## §3. Eýran Birinji Jahan urşy ýyllarynda

Birinji Jahan urşuna çenli Eýran Russiýanyň we Beýik Britaniýanyň syýasy täsirindedi. 1914-nji ýylyň 2-nji noýabrynda Eýran resmi taýdan uruşda özüniň bitaraplygyny yglan etdi. Emma uruşýan döwletler Eýranyň bitaraplygyny bozdular. Birinji Jahan urşy döwründe Eýranyň Demirgazygyna rus, Günortasyna iňlis, Günbataryna türk-german goşunlary girizildi. Olaryň arasyndaky uruş netijesinde Eýran Birinji Jahan urşunyň alnyp barylýan ýurtlarynyň birine öwrülýär. Urşuň başynda öň rewolýusiýa döwri Eýrana salnan rus we iňlis goşunlary ýurtda saklanyp galýardy. Karun derýasynda iňlis harby gämileri bardy, iňlis otrýadlary Ahwaz, Horremşehr şäherlerini eýeläpdiler. Russiýanyň serhediniň golaýynda Eýran Azerbaýjanynda rus goşunlary bardy.

1914-nji ýylyň noýabrynda Rus Zakawkazýesine howp salyp, türk goşuny Eýran Azerbaýjanyna girip, Hoý, Urmiýe, Töwriz şäherlerini eýeläpdir. 1915--nji ýylyň fewralynda rus goşuny olary Töwrizden gysyp çykarypdyr. Şondan soň german-türk bileleşigi hem-de rus-iňlis goşunlarynyň arasyndaky harby hereketler Günbatar Eýranda (Hemedan, Kermanşah, Hanekin) alnyp barlypdyr. Türk–german goşunlary Eýrandan ruslar we iňlisler tarapyndan gysylyp çykarylýar.

Uruş döwründe Germaniýa Eýrany tabyn edip, onuň çäklerini Beýik Britaniýanyň we Russiýanyň garşysyna ulanmak isledi. Şu maksat bilen ýurtda nemes içalylarynyň täsiri artdy. 1915-nji ýylyň başynda olar günortada *bahtiýar taýpalaryny* gozgalaňa küşgüripdirler. Olar günortanyň nebite baý ýataklaryny eýeläpdirler. Şol ýylyň güýzünde türk goşuny hüjümini dowam etdirip, Kermanşahy we Hemedany eýeleýär. Eýranyň üsti bilen Kabula german-awstriýa-türk wekilçiligi ugradylýar. Emma olaryň Owganystany öz tarapynda urşa çekmek pikiri başa barmandyr. 1915-nji ýylyň noýabrynda nemes içalylary Şirazy eýeläpdirler. Ýurduň günortasynda we günorta-gündogarynda olaryň täsiri artypdyr. Mejlisdäki buržuaz milletçiler hem nemes agenturasynyň tarapyny çalypdyrlar. 1915-nji ýylyň noýabrynda *Mostawfi al-Mamalegiň* hökümeti Eýranyň olaryň tarapynda durup goşulmagy hakda Russiýa we Beýik Britaniýa bilen gepleşikler geçirmekden ýüz öwrüpdir.

German toparlanyşygynyň täsiriniň artmagy Russiýany we Beýik Britaniýany Eýranda has işjeň harby hereketlere başlamaga mejbur edipdir. 1915-nji ýylyň martynda olar Eýrany täsir zolaklaryna paýlaşmak barada nobatdaky ylalaşygy baglaşýarlar. Iňlisler bahtiýar taýpalaryny nebitli ýataklaryň etrabyndan kowup çykarypdyrlar. 1915-nji ýylyň oktýabrynda Hazar deňziniň Eýran kenarynda general *Nikolaý Baratowyň* serkerdeliginde rus ekspedision korpusy düşürilip, ol Kazwini eýeläpdir.

1916-njy ýylyň noýabrynda Tähranda döwlet agdarylyşygyna synanyşyk edilýär. Ahmet şa rus ilçihanasynda gizlenýär. General Baratow gozgalaňy basyp ýatyrýar. Ruslaryň we iňlisleriň basyşy astynda Ahmet şa Germaniýa ýapja hökümeti we mejlisi dargadýar. Mejlisiň käbir deputatlary we işden aýrylan ministrler Kum şäherinde Germaniýany goldaýan «wagtlaýyn milli hökümeti» döretdiler. Emma ol 1916-njy ýylyň başynda Osman imperiýasynyň eýelän Kermanşah şäherine gaçmaga mejbur bolýar. Ýurduň günortasynda iňlislere garşy gozgalaňlar başlanýar. Dekabrda Baratow Kumy we Hemedany nemeslere gol ýapýan güýçlerden gaýtadan arassalaýar. 1917-nji ýylyň martynda ruslar Kermanşahy eýeleýärler.



*Rus goşunlary Yspyhanda*

1917-nji ýyla çenli Eýranyň demirgazygy Yspyhana çenli ruslar, galan günortasy iňlisler, günbatary bolsa Hemedana çenli nemesler we türkler tarapyndan eýelenipdir. Birinji Jahan urşunyň netijesinde Eýran talanypdyr we tozdurylypdyr. Iňlis-pars nebit kompaniýasy döwletiň içindäki döwlete öwrülip, ol ýurduň esasy baýlygyny yzygiderli talapdyr. Eger 1913-nji ýylda 80 *müň* tonna nebit alnan bolsa, 1919-njy ýylda bu san 1100 tonna ýetipdir. *Günorta pars atyjylarynyň otrýadlaryny* döretmek bilen Beýik Britaniýa ýerli halkyň özi bilen ony talamaga özüne daýanç edinipdir. 1916-njy ýylda eýran hökümetine iňlisleriň tarapyny tutýan *Wosug-ed-Döwle* baştutan bolupdyr. Uruş ýyllary azyk önümleri gymmatlapdyr. Açlyk başlanypdyr. Keselçilik köpelipdir. Ýurduň demirgazygynda *Mürze Küçek hanyň* baştutanlygynda özlerini *jeňňelliler* diýip atlandyran partizan otrýadlary şa hökümetine we rus goşunyna garşy göreşipdirler.

Russiýada 1917-nji ýylyň Oktýabr rewolýusiýasyndan soň, ruslar Eýrandan ýüz öwrüpdirler. Russiýanyň Eýrandan çykmagy bilen, Birinji Jahan urşunyň ahyrynda iňlisler Eýranyň ähli ýerine eýelik edip başlapdyrlar. Şeýlelikde, Birinji Jahan urşuna çenli Eýran Beýik Britaniýa bilen Russiýanyň ýarym koloniýasy bolan bolsa, uruş netijesinde ol diňe Angliýanyň golastyna düşýär.

♦ Antanta garşy jihad yglan eden Osman imperiýasyna daýanyp, Germaniýa Eýranyň, Owganystanyň, häzirki Pakistanyň, hatda Müsüriň musulman halklaryny öz tarapyna çekmek maksady bilen Stambulda *Gündogar aňtawçylyk býurosyny* döretdi. Bu meselede Germaniýa Eýrandaky nemes konsuly, «nemes Lourensi» adyny alan Wilgelm Wassmussa uly bil baglaýardy. Ol öz ýolbaşçylygyny Persiýany Britan imperiýasyna garşy aýaga galdyrjakdygyna ynandyrypdyr.

## § 4. Osman imperiýasy Birinji Jahan urşy ýyllarynda

Osman imperiýasy Beýik Britaniýanyň we Fransiýanyň täsirindedi. Ýurda goýulýan daşarky maýanyň ýarpysy şolaryňkydy. Şundan ugur alsak, bu döwlet Antantanyň tarapynda durup, urşa goşulaýmaly ýaly welin, tersine bolup çykdy. Urşuň öňüsyrasynda bu sebitde agzalan Antanta döwletleri Osman döwletini ünsden düşüripdiler. Bir tarapdan, olar üçin uruş döwri onuň adam we çig mal resurslaryny ulanmaga zerurlyk hem ýokdy. Ikinji bir tarapdan, uruş gutaransoň, Osman imperiýasyny paýlaşmagy niýet edinýän Beýik Britaniýanyň we Fransiýanyň öz ellerini onuň bilen «ýaranlyk» bagy arkaly baglamak islemeýärdiler. Ine, şu ýagdaýdan hem Germaniýa peýdalanýar.

1913-nji ýylda Germaniýa Liman fon Sandersiň baştutanlygynda Stambula öz harby wekilçiligini ýollapdyr. Türk hökümdarlary Germaniýanyň kömegi bilen öňki elden gideren ýerlerini yzyna almak we daşary ýurt täsirini ýok etmek isläpdi. Urşuň öňüsyrasynda taraplaryň hiç birini goldamajakdygyny jar etse-de, Osman döwleti tiz wagtda Germaniýany goldap, urşa goşulýar. Munuň sebäbini «ýaş türkleriň» hökümetiniň imperiýanyň dargamagynyň öňüni almaga we Günbatar döwletleri bilen baglaşylan *kapitulýasiýa düzgüninden* dynmaga edilen synanyşyk hökmünde düşündirmek bolar.

Germaniýa bilen Osman imperiýasynyň arasynda 1914-nji ýylyň 2-nji awgustynda harby ýaranlyk baglaşylýar. 1914-nji ýylyň oktýabrynda türkler bogazlary Antanta gämileri üçin ýapýarlar. 10-njy awgustda Ortaýer deňzinde iňlis gämilerinden gaçyp, bogazlara nemes «*Geben*» we «*Breslau*» harby gämileri gelýär. Uruşda bitaraplygyny yglan eden döwlet hökmünde Osman döwleti olary ýaragsyzlandyrmaga borçludy. Emma Germaniýa muňa garşylyk görkezipdir. Şeýle bolansoň, Osman döwleti olary öň özi satyn alan ýaly edipdir, olara türk baýdaklary asylypdyr. Olara degişlilikde «*Ýowuz*» we «*Midilli*» diýen türkçe atlar dakylypdyr. German-türk floty nemes admiraly Suşonyň baştutanlygynda Odessany, Sewastopoly, Noworossiýski, Feodosiýany oka tutýar.

2-nji noýabrda Russiýa Osman imperiýasyna garşy urşa başlaýar. Batumiden Urmiýe köli aralykda 350 km uzaýan *Kawkaz fronty* emele gelýär. 1914-nji ýylyň gyşynda Russiýa Sarygamyşyň eteginde türkleri ýeňýär. 1915-nji ýylyň dowamynda we 1916-njy ýylyň birinji ýarymynda ruslar Ermeni daglygyny, Kürdüstanyň bir bölegini we Gündogar Anadolyny eýeläp, 250 km öňe ilerläpdirler. Ruslar Erzurumy we Trabzony eýeläpdirler.



*Tomas Edward Lourens*

«Ýaş türkleriň» hökümetine *Palestina frontunda* Sues kanalyny eýelemek başartmandyr. *Jemal paşşanyň* kanaly eýelemek üçin 1916-njy ýylyň aprel we awgust aýlaryndaky iki gezekki hüjümi-de şowsuz tamamlanyp-

dyr. Şol ýylyň ahyrynda iňlisler Sinaý ýarymadasyny eýeläp, Siriýa topraklaryna aralaşypdyrlar. Sinaý ýarymadasynda we Palestinada meşhur iňlis diplomaty we aňtawçysy polkownik *Tomas Edward Lourensiň* wagyzlary esasynda arap taýpalarynyň türklere garşy gozgalaňy başlanypdyr.

*Mesopotamiýa frontunda* türkler iňlislere garşy urşupdyrlar. 1917-nji ýylyň baharynda Bagdadyň iňlisler tarapyndan eýelenmegi bilen Yrak frontunda Osman imperiýasy şowsuzlyga uçrapdyr. Şol ýylyň güýzünde türkler Arabystan ýarymadasyny we Palestinanyň bir bölegini elinden gideripdir.

Osman döwleti *Gallipoliýa ýarymadasynda* şowly çykyş edipdir. 1915-nji ýylda türk goşuny Dardanell bogazyndan geçmekçi bolýan iňlis-fransuz goşunyny yza serpikdiripdir. Çanakgala söweşinde U.Çerçilliň baştutanlygynda iňlis eskadrasy Dardanell bogazyny eýelemäge hernäçe synansa-da, ol şowsuzlyga uçrapdyr.



*Gallipoliýadaky türk batareýasy*

Dörtler bileleşiginiň beýleki döwletleri bilen bilelikde soltan hökümeti hem Russiýa bilen 1918-nji ýylyň 3-nji martynda Brest-Litowskide parahatçylyk şertnamasyna gol çekdi. Oňa laýyklykda, Ardagan, Kars, Batumi sebiti Türkiýä berildi. Emma Osman imperiýasy ýaraşyk şertnamasynyň şertlerini bozup, 1918-nji ýylyň ýazynda–tomsunda Günorta Gruziýany, Gündogar Ermenistanyň uly bölegini, Azerbaýjanyň bir bölegini basyp aldy. 1918-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda *Enwer paşşanyň* serkerdeligindäki türkler Baku şäherini eýelediler.

Osman imperiýasy urşa goşulandan soň, Germaniýa bu ýurduň üstünden ykdysady we maliýe gözegçiligini öz üstüne alypdyr. Nemesler ýurduň azyk we çig mal gorlaryny daşapdyr. Süýthorlar baýapdyrlar. Ýurtda açlyk, keselçilik güýçlenipdir. Goşunda urşa nägilelik başlanypdyr.

Osman imperiýasynyň urşa gatnaşmagy daşary ýurtlaryň onuň mülklerini paýlaşmak ugrundaky hereketini güýçlendiripdir. 1916-njy ýylyň 26-njy aprelinde Antanta döwletleri Osman imperiýasyny paýlaşmak hakda ylalaşdylar. Oňa laýyklykda, Russiýa Arap döwletleriniň federasiýasynyň gurulmagyna, Siriýanyň, Adananyň we Mesopotamiýanyň iňlisler bilen fransuzlaryň arasynda paýlaşylmagyna

razylaşdy. Munuň öwezine ol Günorta Anadolynyň Erzurum, Wan, Bitlis etraplaryny, Wan kölüniň günortasyndaky Fyrat, Muş, Siirt etraplaryny, Trabzonyň günbataryndan başlap, Gara deňziň demirgazyk kenarynyň bir bölegini almalydy. Stambul hem-de Bosfor we Dardanell bogazlary Russiýa wada berlipdir.

Angliýa bilen Fransiýanyň arasynda 1916-njy ýylyň 9, 16-njy maýyndaky ylalaşygyna laýyklykda, Osman imperiýasynyň arap eýeçilikleri paýlaşylmalydy. Oňa Fransiýa tarapyndan *Fransua Jorj Pikonyň*, Angliýanyň adyna *Mark Saýksyň* gol çekendigi üçin bu ylalaşyga *Saýks–Pikonyň* ylalaşygy diýilýär. Oňa görä, Siriýanyň Akkadan başlap bütin demirgazygy (Beýrut hem degişli), Adana we Mersin welaýatlary Fransiýa berilmelidi. Tigr we Ýewfrat derýalarynyň Bagdat–Basra aralygyndaky ýerler Angliýanyňky bolmalydy. Galan ýerlerde *Arap döwletleriniň federasiýasy* gurlup, olaryň Akka–Kerkuk aralygyndan demirgazygy Fransiýanyň, günortasy Angliýanyň täsiri astynda bolmalydy. Iskenderun erkin port, Palestina halkara gözegçiligindäki ýer bolmalydy. Aladag, Kaýseri, Akdag, Ýyldyzdagy, Zara, Egin we Harput aralygyndaky ýerler hem Fransiýa berilmelidi. 1917-nji ýylyň 21-nji aprelinde Angliýanyň, Fransiýanyň we Italiýanyň arasynda baglaşylan ylalaşyga görä, Italiýa Günorta we Günorta-Günbatar Anadolyny (Antalýa, Konýa, Aýdyň, Izmir) eýelemelidi.

Uruş Osman imperiýasynyň ykdysadyýetini tozdurdy. Ekin meýdanlary azaldy. Azyk harytlarynyň bahasy birnäçe esse artdy. Oba hojalygynyň önümçiligi pese gaçdy.

1918-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda Osman imperiýasy Antanta bilen *Mudros ýaraşyk şertnamasyny* (ýaraşyga Lemnos adasynyň Mudros portunda iňlis gämisiniň üstünde gol çekildi) baglaşmaga mejbur bolupdyr. «Ýaş türkleriň» öňbaşçylary daşary ýurda gaçdylar, olaryň partiýasy bolsa ýatyryldy. Bu ylalaşyk Osman imperiýasyna diňe türk ýerlerini galdyryp, onuň galan ýerlerini paýlaşmagy göz öňünde tutýardy. Mundan başga-da, iňlisler Mosuly we Iskenderuny, italýanlar Antalýany we onuň töweregini eýeläpdiler, greklere bolsa Izmiri basyp almaga ygtyýar berlipdi. Türk goşuny dargadylmaga degişlidi, ýurtdaky harby enjamlar Antanta döwletleriniň eline geçmelidi.

♦ 2015-nji ýylyň 24-nji aprelinde Türkiýede Çanakgala söweşiniň 100 ýyllygy bellenildi. Oňa 21 ýurduň döwlet baştutanlary, 70-den gowrak ýurtdan ýokary derejeli adamlar gatnaşdylar. Britan täjiniň mirasdüşeri şazada Çarlz Uels dabarada söz sözledi.

♦ **Tomas Edward Lourens** (1888–1935) – britan serkerdesi we syýahatçysy. 1916–1918-nji ýyllarda araplaryň Osman imperiýasyna garşy beýik gozgalaňy gurnaýjylaryň biri. Bu barada «*Paýhasyň ýedi sütüni*» atly kitabyny ýazýar. 1914-nji ýylda harby gulluga geçýänçä taryhy we arheologiýany öwrenýär. Fransiýadaky we Siriýadaky orta asyr galalaryny öwrenip, «*Haçparazlaryň galalary*» kitabyny ýazýar. 1911–1914-nji ýyllarda Ýewfrat derýasynyň ýokarky akymynda Karhemişde hett şäherçesiniň, 1912-nji ýylda Müsürde arheologiýa barlaglaryna gatnaşýar. Arap dilini oňat bilipdir. Pariž parahatçylyk konferensiýasynda araplara garaşsyzlyk berilmegi barada çykyş edipdir.

## § 5. Ýaponiýa Birinji Jahan urşy ýyllarynda

1914-nji ýylyň awgustynda Ýaponiýa Antantanyň tarapynda durup, Germaniýa garşy uruş yglan edýär. Emma Ýaponiýanyň Ýewropada uruş alyp barmak niýeti ýokdy. Ýaponiýa ýewropalylaryň Ýewropadaky dawalaryndan peýdalanyp, özüniň Hytaýdaky agalygyny berkitmäge synandy. Ýaponiýa özüni hamala iňlis-ýapon ýaranlyk şertnamasyny ýerine ýetirýän hökmünde görkezdi. Ýaponiýa Germaniýa talapnama ýollap, onuň Hytaýdaky eýeçiliklerini, ýagny XIX asyryň ahyrynda Germaniýa tarapyndan kärendesine alnan Şanduny dessine ýaponlara bermegini talap etdi. Ýaponiýa 1914-nji ýylyň 23-nji awgustynda Germaniýa garşy uruş yglan etdi. Şanduna 1,5 diwiziýadan ybarat uly bolmadyk ýapon ekspedision korpusy iberildi. Ýaponlar Sindaony gabap, ony 7-nji noýabrda eýelediler.

Ýaponiýanyň urşa goşulmagy Russiýanyň bähbidine boldy. Çünki ol Sibirdäki goşun birikmelerini ýewropa söweş teatryna geçirmäge mümkinçilik aldy. Ýaponiýa Russiýany çig mal we ýarag bilen üpjün edýän çeşmä öwrüldi.

1915-nji ýylyň 18-nji ýanwarynda Ýaponiýa Hytaýyň öňünde ony doly öz tabynlygyna düşürjek «21 talaby» goýupdyr (*seret: III bap, §1*).

Ýuwaş ummanyndaky iňlis eskadrasy ýaponlaryň kömegine daýanmazdan, Germaniýanyň harby gämilerini ýok etdi. Ýaponiýa ol adalary basyp aldy. Ýapon floty Günorta-Hytaý deňzinde, Indoneziýanyň kenarlarynda gözegçiligi ýola goýdy. 1917-nji ýylda Ýaponiýa Fransiýanyň sargydy boýunça oňa 12 sany esmines gämisini gurup berdi. Hatda ýapon gämileriniň 17-si Ortaýer deňzindäki söweşlere gatnaşmaga iberildi. 1918-nji ýylyň dartgynly aprel–maý aýlarynda ýapon gämileri iňlis esgerleriniň 100 *müňüsini* Ortaýer deňziniň üstünden geçirdiler. Müsürden Salonikä goşunlaryň eltilmegine ýardam berdiler. Uruş tamamlanýança Ýaponiýa Antantanyň 788 ulag serişdesiniň we 700 *müň* esgeriniň daşalmagyna gatnaşdy.

Ýaponiýa Birinji Jahan urşunda 2 *müň* adamyny ýitirdi. Ýaponiýa Germaniýadan 7 sany suwasty gämini olja hökmünde aldy.

Birinji Jahan urşy Ýaponiýanyň ykdysadyýetiniň ösmegine uly itergi berdi. Ol Ýuwaş umman sebiti bazarynda, hususan-da, Hytaýda, Indoneziýada, Hindistanda öz pozisiýasyny berkitdi. 1914-nji ýyl bilen deňeşdireniňde, 1919-njy ýylda onuň eksporty 4 esse köpeldi. Ýapon maýasy iki esseden gowrak artdy. Ýapon gämi gurluşygy ösüp, dünýäde üçünji ýere çykdy. Senagatyň beýleki pudaklary ösdi. Ýaponiýa Birinji Jahan urşundan uly peýda gazanan ýeke-täk Aziýa döwletidir.

## § 6. Afrika Birinji Jahan urşy ýyllarynda

1914-nji ýylyň dekabrynda Beýik Britaniýa Müsüriň üstünden Osman imperiýasynyň ýüzleý agalygyny ýatyryp, özüniň protektorat düzgünini girizdi. Iňlisler Sues kanalynyň etrabyny eýelediler. *Hediw Abbas Hilmi* tagtdan aýrylyp, ýerine

iňlislere gol ýapýan daýysy *Hüseýin Kamil* getirilipdir. Iňlisler fellahlardan *zähmet korpuslaryny* döretdiler. Şol wagt 10 *milliondan* gowrak ilaty bolan Müsürde iňlisler 1,5 *mln* adamy zähmet we düýekeşleriň korpuslaryna iberipdirler. Şol döwürde Müsürde gulluk eden iňlis serkerdeleriniň biri şeýle ýazypdyr: «Bazara gelen daýhany derrew tutup, ony iň golaýdaky toplanma nokadyna, gaçanlary bolsa golaýdaky obalardan tutup, ýany ýasawully kazarmalara äkidýärdiler». 135 *müň* adam Sinaýda, Siriýada, Mesopotamiýada, hatda Lotaringiýada goranyş desgalaryny, harby bazalary, demir ýollary gurmak işlerinde mejbury işledildi.

Müsürdäki iňlis goşunlaryny ekläp-saklamak müsür halkynyň boýnunady. Uruş Müsürde pagta önümçiliginiň artmagyna, milli senagatyň ösmegine oňaýly täsir etdi. Iňlisler «*West African Frontier Force*» goşun birikmesine 25 *müň* afrikalyny goşunçylyga aldylar. Olaryň köpüsi Togoda, Kamerunda, Tanganikada Germaniýa garşy söweşlerde wepat boldy. Iňlisleriň erkine tabyn bolup, sudanlylar Gündogar Afrikada we Ekwatorial Afrikada söweşmeli boldular. Sues kanalynyň we Sinaý ýarymadasynyň etrabynda gözegçilik etdiler. 1915-nji ýylda müňlerçe sudanlylar Dardanell operasiýasy wagtynda goranyş desgalarynyň gurluşygynda işledildi. Afrikanyň Hindi ummanyndaky müňlerçe ýükçüleri urşuň hajatlary üçin iberilýän ýükleri daşap, ýogaldylar.

Aýratynam, Fransiýa Afrikadan äkidilen esgerleri söweşlerde köpçülikleýin ulanypdyr. Ol öz koloniýalaryndan 1,4 *mln* adamy goşunçylyga alypdyr. Saharadan günortadaky bakna ýerlerinden Fransiýa 500 *müň* esgeri söweşe äkidipdir. Diňe Alžirden 173 *müň* adam goşunçylyga alnypdyr. Alžiriň boýnuna 600 *mln* frank möçberinde mejbury salgytlar salnypdyr.

Mejbury esger eşigi geýdirilen adamlary öz watanyndan alyslara kesekiniň bähbidine uruşmak üçin ýollaýardylar. Iňlisler öz bakna ýurtlarynyň halklaryny harby-gurluşyk işlerinde mejbury işledipdirler. Afrikanyň öz çäginde hem – Keniýada, Ugandada, Togoda, Kamerunda, Mozambikde, Demirgazyk Rodeziýada uruş hereketleri alnyp barlypdyr. Günorta-Günbatar Afrikada 1915-nji ýylyň tomsuna çenli iňlisler bilen nemesleriň arasynda söweşler boldy. Fransiýa Kamerunda Germaniýa garşy söweşdi. Kamerun kampaniýasy uzak dowam etdi. Günorta-Günbatar Afrikada iňlisler fransuzlar bilen bilelikde nemes goşunlaryny derbi-dagyn edip, 1915-nji ýylyň fewralynda Kameruny eýelediler.

Antanta ýurtlary Efiopiýanyň Germaniýanyň tarapynda urşa goşulmagynyň öňüni almak üçin 1916-njy ýylda döwlet agdarylyşygyny guradylar.

Birinji Jahan urşy ýyllarynda afrikan halklarynyň ezilmegi güýçlendi. Metropoliýanyň hojalyk we mineral çig mallaryny alyp gitmegi artdy. Diňe fransuz Günbatar we Ekwatorial Afrikasyndan 1914–1918-nji ýyllarda 600 *müň* tonna arahis hozy we palma ýagy alnyp gidildi. Köp bakna ýurtlar Fransiýa et, galla, şaly, dökün, demir magdanyny, grafit iberýärdi. 1918-nji ýylda ispan mergisinden Günorta Afrikada 2 *mln* çemesi adam ýogaldy.

Afrikada uruş hereketlerine hem-de kolonizatorlaryň zulumyna garşy birnäçe çykyşlar bolup geçdi. 1916-njy ýylyň başynda Müsürde goşun gullugyna çagyrylýanlaryň gozgalaňy boldy. Çad kölüniň etrabynda, Senegalda ýerli halk gozgalaňa aýaga galypdyr. Ilatyň arasyndan goşuna adam ýygnalmagy bilen bagly Günbatar Afrikada ýerli halk bilen fransuzlaryň arasynda çaknyşyklar bolupdyr. Marokkoda we Liwiýada fransuz hem-de italýan kolonizatorlaryna garşy göreş ýaragly gozgalaňa ösüp geçipdir.

## § 7. Mandat düzgüni

Pariž parahatçylyk maslahatynda ABŞ-nyň prezidenti Wilson bakna halklara eýeçilik etmegiň täze, medeniýetli ýoluny – *mandat düzgünini* teklip edipdir. Bu düzgün boýunça öň Germaniýa (onuň Afrikada 2,5 *mln* kw km territoriýaly 13 *mln* ilatly eýeçilikleri bardy) we Osman imperiýasyna bakna bolan halklar *Milletler Ligasynyň* tabşyrygy boýunça ösen ýurtlar tarapyndan tä özbaşdak ýaşamaga taýýar bolýançalar dolandyrylmalydy. Mandatyň möhleti ony alan döwletiň özi tarapyndan kesgitlenýärdi.

Mandatyň üç sany topary döredildi:

**Birinji (A) topara** *öňki Osman imperiýasynyň çäkleri* girýärdi. Milletler Ligasy öň onuň tabynlygynda bolan Palestinany, Transiordaniýany (häzirki Iordaniýa korollygy), Yragy Beýik Britaniýa berdi. Fransiýa Siriýany we Liwany dolandyrmaga mandat aldy.




*Ýakyn Gündogardaky iňlis we fransuz mandat çäkleri*

**Ikinji (B) topara** *Germaniýanyň Gündogar Afrikadaky eýeçilikleri, Togo we Kamerun degişlidi*. Oňa görä Kameruny we Togony Beýik Britaniýa bilen Fransiýa paýlaşýarlar. Bu üleşikde Fransiýa utuşly ýagdaýda bolup, ol Kamerunyň 5/6 bölegini öz hasabyna geçiripdir. Togo babatda hem şeýle bolupdy. Tanganikany (häzir Tanzaniýanyň düzüminde) iňlisler öz mandatyna aldylar. Ruanda we Urundi Belgiýa berildi hem-de ol Kongonyň düzümine goşuldy. German Günorta Afrikasynyň günorta-gündogaryndaky kiçeňräk bir etrap Portugaliýa berildi. Täze hojaýyn ol ýeri öz baknasy Mozambigiň düzümine goşdy.

**Üçünji (C) mandat toparyna** *Germaniýanyň Ýuwaş ummanyndaky, Günorta-Günbatar Afrikadaky bakna mülkleri düşüpdi.* Olar Ýaponiýanyň, Awstraliýanyň, Täze Zelandiýanyň we Günorta Afrika Bileleşiginiň arasynda paýlaşylypdyr. Täze Gwineýa Awstraliýanyň, Günbatar Samoa Täze Zelandiýanyň, Nauru adasy Beýik Britaniýanyň, Marşal, Marian, Karolin adalary Ýaponiýanyň, Günorta-Günbatar Afrika Günorta Afrika Bileleşiginiň mandaty astyna düşüpdi. Mandat çäklerinde, hususan-da, «B» toparda harby bazalary we desgalary gurmak gadagandy.

Mandat düzgüni dünýäde kolonial süteminiň ýüzüni perdelemek üçin döredilipdi. Ony aýratyn hem iňlis kolonial mülkleriniň mysalynda aýdyň görmek mümkindi. 1887-nji ýyldan başlap, Angliýanyň akýagyz ilatly bakna mülkleriniň (Kanada, Awstraliýa, Täze Zelandiýa, Günorta Afrika, Nýufaunlend) hökümetleriniň gatnaşmagynda iňlis premýer-ministriniň baştutanlygynda kolonizatorlyk maslahatlary çagyrylyp başlandy. 1907-nji ýylda ol *imperiýa maslahatlary* adyny aldy. 1917-nji ýylda bolan maslahatda Günorta Afrika Bileleşiginiň wekili general A.Smats *milletleriň Britan Arkalaşygyny* döretmegi teklip etdi. Bu adalga resmi taýdan 1918-nji ýyldaky maslahatda resminamalara girizilip, 1921-nji ýylda irland dominionyny döretmek baradaky şertnamada berkidildi. 1926-njy ýyldaky maslahatda Balfuryň jarnamasynda Arkalaşyk Birleşen Korollygyň we dominionlar Kanadanyň, Awstraliýanyň, Täze Zelandiýanyň, Günorta Afrikanyň, Irland erkin döwletiniň, Nýufaunlendiň erkin bileleşigi hökmünde kesgitlendi. Arkalaşyga girmegiň esasy şerti hökmünde dominion hukugy seçilip alyndy. Britan Arkalaşygynyň resmileşdirilmegi 1931-nji ýyldaky maslahatda *Westminster statutynyň* kabul edilmegi bilen tamamlandy. Bu gurama 1949-njy ýyldan başlap *Britan Arkalaşygy* adyny aldy.




*Ýakyn Gündogardaky we Afrikadaky mandat çäklerine girýän ýerler: 1. Siriýa, 2. Liwan, 3. Palestina, 4. Transiordaniýa, 5. Mesopotamiýa, 6. Britan Togosy, 7. Fransuz Togosy, 8. Britan Kameruny, 9. Fransuz Kameruny, 10. Ruanda-Urundi, 11. Tanganika, 12. Günorta-Günbatar Afrika*

Britan Arkalaşygyna 50-ä golaý döwlet girýär. Dünýäniň ilatynyň dörtden biri şol döwletlerde ýaşaýar. Şeýlelikde, iňlis hökümeti öň Britan imperiýasyna bakna bolan, soňra garaşsyzlygyny gazanan ýurtlaryň ählisini diýen ýaly, Britan Arkalaşygynyň düzüminde saklamagy başardy. 1952-nji ýylda «*dominion*» düşünjesi ýatyrylyp, «*Arkalaşygyň raýaty*» diýen düşünje girizildi.

## § 8. Wersal-Waşington şertnamalar ulgamynyň netijesinde Aziýa we Afrika ýurtlarynyň serhetlerinde bolan üýtgeşmeler

Birinji Jahan urşunyň ýetiren zyýany, açlyk, gahatlyk, mandat düzgüniniň netijesinde şol bir ýurduň çäginiň dürli kolonizator döwletleriň arasynda paýlaşylmagy Afrikada milli azat edijilik hereketiniň kemala gelmegine getiripdir. Günorta Afrika Bileleşiginde dörän *Afrikan milli kongresi* sebitdäki kolonial zulumyna garşy göreşmekde ilkinji guramaçylykly syýasy hereketdir. Milli azatlyk hereketiniň ideologiýasyny işläp düzmekde *Panafrikan kongresleriniň* ähmiýeti uly bolupdy. Onuň I maslahaty 1900-nji ýylda Londonda geçirilipdir. Iki Jahan urşunyň aralygynda 1921, 1923, 1927, 1945-nji ýyllarda Panafrikan hereketiniň kongresleri bolup geçdi.

Wersal şertnamasy boýunça Hytaýyň Şandun welaýaty Ýaponiýa berildi. Şol sebäpli Hytaý Wersal şertnamasyna gol çekmekden ýüz öwürdi. Mundan başga-da, Ýaponiýa öň Germaniýa degişli bolan Marşal, Marian, Karolin adalaryna mandat hukugyny aldy.

Germaniýa bilen baglaşylan şertnamanyň mysalynda Dörtler bileleşiginiň beýleki agzalary bilen hem şertnamalar baglaşylypdyr. 1919-njy ýylyň 10-njy awgustynda Osman imperiýasynyň soltany bilen **Sewr** parahatçylyk şertnamasy baglaşylýar. Osman imperiýasynyň dargamagyny we paýlaşylmagyny resmileşdiren bu şertnama laýyklykda, ol Siriýadan, Liwandan, Palestinadan, Mesopotamiýadan, Arabystan ýarymadasyndan mahrum boldy. Adrianopol (Edirne) bilen birlikde

*1-nji tablisa*

**Sewr şertnamasy boýunça**
**Osman imperiýasynyň elinden alynmaly ýerler**

| Eýeçilik etmeli döwletler | Meýdany | Ilaty |
|---|---|---|
| Beýik Britaniýa | 915 000 km² | 3 900 000 |
| Fransiýa | 160 000 km² | 3 000 000 |
| Ermenistan | 95 000 km² | 1 400 000 |
| Gresiýa | 29 000 km² | 950 000 |
| Smirna (Izmir) | 20 000 km² | 1 000 000 |
| **Jemi** | **1 219 000 km²** | **10 250 000** |




*Sewr şertnamasy boýunça Osman imperiýasynyň paýlaşylmagy*

Gündogar Frakiýa, Dardaneliň ýewropa kenarlary, Gallipoliýa ýarymadasy, Izmir Gresiýa berildi. Bogazlar halkara gözegçiligine geçirildi. Ermenistan bilen araçäkleri kesgitlemek ABŞ-nyň prezidentiniň araçyllyk çözgüdine galdyryldy. Türkiýeden Kürdüstan bölünip aýrylyp, onuň serhetlerini kesgitlemek üçin iňlis-fransuz-italýan topary döredilmelidi. Osman imperiýasy Angliýanyň Müsüriň, Sudanyň, Kipriň, Fransiýanyň Marokkonyň we Tunisiň, Italiýanyň, Liwiýanyň we Dodekanes adalarynyň üstünden protektorat düzgünini ykrar etmelidi. Ýurduň maliýe we býujet ulgamynyň üstünden daşary ýurt gözegçiligi ýola goýulmalydy, *kapitulýasiýa* düzgüni dikeldilmelidi. Türk goşuny 50 *müň* adama çenli azaldylmalydy. Emma Sewr şertnamasy kagyz ýüzünde galdy. Mustafa Kemal Atatürküň ýolbaşçylygynda milli azat edijilik hereketiň başlanandygy we Antantanyň goşunlarynyň türk watançylary tarapyndan derbi-dagyn edilendigi üçin, Türkiýe bilen 1923-nji ýylda täze **Lozanna** şertnamasy baglaşylýar.

**Waşington maslahaty.** Uzak Gündogarda Ýaponiýanyň täsirini gowşatmak we dünýä döwletleriniň deňizdäki harby güýçleriniň mynasybetini düzgünleşdirmek maksady bilen *Waşington maslahaty* geçirilýär (12.11.1921 – 6.02.1922). Oňa ABŞ, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Ýaponiýa, Italiýa, Belgiýa, Portugaliýa, Gollandiýa we Hytaý gatnaşýar. Olar 4 aýlap maslahatlaşyp, esasy **üç şertnama** gol çekipdirler.

**1. Dörtleriň şertnamasy.** ABŞ, Beýik Britaniýa, Fransiýa we Ýaponiýa öz aralarynda Ýuwaş ummanyndaky adalara eýeçilikleri üýtgewsiz galdyrmak baradaky şertnama baglaşdylar («*Dörtleriň Ýuwaş umman traktaty*»).




**2. Bäşleriň şertnamasy.** Oňa laýyklykda, Beýik Britaniýa, ABŞ, Fransiýa, Ýaponiýa we Italiýa döwletleriniň harby-deňiz güýçleriniň gatnaşygyny 5:5:3:1,75:1,75 (linkor klasly gämiler üçin) möçberde kesgitlediler. Beýle diýildigi, Beýik Britaniýa we ABŞ 5 sany harby gämi saklasa, Fransiýa – üçüsini, Ýaponiýa we Italiýa olaryň 1,75 bölegi möçberinde gämi saklamaga hukuklydygyny aňladýar. Şertnama boýunça Beýik Britaniýa we ABŞ beýlekileriň ählisinden köp harby korabllary edinmäge hukuklydy. Harby gämileriň ulylygy hem 35 *müň* tonna suw sygymyna çenli çäklendirildi. Bu şertnama ABŞ üçin uly ýeňişdi. ABŞ harby-deňiz güýçlerini bu ugurda dünýäde iň öňdebaryjy Beýik Britaniýa bilen deňleşdiripdi. Harby gämileriň ululygynyň çäklenidirilmegi-de, ilkinji nobatda, ABŞ üçin zerurdy. Çünki onuň iri harby gämileri zerur wagty Panama kanalyndan geçip biljek däldi. Bu şertnama «*Waşington deňiz ylalaşygy*» adyny hem aldy.

**3. Dokuzlaryň şertnamasy.** Ol Hytaýyň bitewüligini hormatlamak hakyndady. Şertnama boýunça Ýaponiýa hytaýlylaryň ata-baba ýeri hasaplanýan Şanduny Hytaýa yzyna gaýtaryp berýär (Şanduny XIX asyryň ahyrynda Germaniýa eýeläpdi, Birinji Jahan urşy döwründe ony Ýaponiýa basyp alypdy). Sekiz döwlet Hytaýyň garaşsyzlygyny, territorial bitewüligini hormatlamagy ylalaşyp, ony täsir ediş zolaklaryna bölmegi gadagan etdiler. Hytaýda ähli döwletler deň derejede söwda etmäge hukuk gazanýarlar. Bu şertnamanyň ýany bilen Hytaýyň gümrük hukuklaryny kemsidýän *Hytaý gümrük traktatyna-da* gol çekildi.

♦ **Kapitulýasiýa** – *«Capitul»* diýen latyn sözünden *«bent, paragraf»* diýmegi aňladýar.

# IV BAP. AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARY IKI JAHAN URŞUNYŇ ARALYGYNDA

## § 1. Türkiýe Respublikasynyň döremegi

Birinji Jahan urşy we Ýewropadaky rewolýusion wakalar Aziýa ýurtlaryna gaty uly täsir edipdir. Birnäçe gozgalaňlar, milli azat edijilik hereketleri, rewolýusiýalar bolup geçdi. Şeýle rewolýusiýalaryň biri Türkiýede bolupdy.

**Türkiýedäki milli azat edijilik rewolýusiýasy.** German toparynyň tarapynda durup, Birinji Jahan urşuna başlan Osman imperiýasy 1918-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda ýeňlendigini boýun alýar (*Mudros ýaraşygy*). Onuň ähli goşuny we floty fransuzlar bilen iňlisleriň gözegçiligine geçirilipdir. Birinji Jahan urşunyň netijesinde 6 asyrdan gowrak höküm süren Osman imperiýasy dargaýar.

Osman imperiýasynyň dargamagy we onuň düzümindäki beýleki halklaryň özbaşdaklyk gazanmagy bilen, Birinji Jahan urşunda ýeňiji bolan döwletler türkleriň ýaşaýan ýerlerini hem paýlaşmaga girişýärler. Döwründe häzirki dünýä döwletleriniň 40 çemesiniň territoriýasyna doly ýa-da kem-käsleýin eýelik eden türklere döwlet garaşsyzlygyny doly ýitirmek, özbaşdak döwlet bolup ýaşamak hukugyndan mahrum bolmak howpy abanýar. Halk döwlet garaşsyzlygyna iň mukaddes zat hökmünde garaýardy. Emma duşman düýnki Dörtler bileleşigini ýeňen Antanta döwletleridi. Olar güýçlüdi.

Şeýle ykbal çözüji taryhy pursatda halk döwlet garaşsyzlygyny iň mukaddes zat hökmünde goramagy başarýar. Ýurduň iri şäherlerinde Antanta döwletleriniň goşunlary ýerleşdirilipdi. Basybalyjylar uruşdan ýadan türkler düýpli garşylyk görkezer öýdüp pikir etmeýärdiler. Türkleri arap ýerlerinden ýeňillik bilen çykaran Antanta döwletleri olaryň dogduk diýarynda hem düýpli garşylyga garaşmaýardy. Hatda olar türk Mejlisiniň deputatlary çekinip, gorkup, daşary ýurtlary goldarlar diýip, türk Mejlisinden goldawa garaşypdylar. Çünki merkezi şäher bolan Stambul daşary ýurt goşunlarynyň gözegçiligi astyndady. 1919-njy ýylyň 15-nji maýynda grekler Izmir sebitlerini basyp almaga girişdiler. Beýik Britaniýa Günorta-Gündogar Anadolyny, Mosuly we Iskenderuny, fransuzlar bilen bilelikde bolsa Gündogar Frakiýany we bogazlaryň çäklerini eýeledi. Ýurduň günbataryna we günortasyna italýan goşunlary düşürildi. Olar bu hereketlerine basyp almak hökmünde hem seretmän, Osman imperiýasyny paýlaşmak boýunça öz aralaryndaky ylalaşyklaryň ýerine ýetirilmegi hökmünde düşünipdiler.

Türkiýäniň mejlisi olaryň çakynyň tersine, 1920-nji ýylyň 28-nji ýanwarynda «*Milli kasam*» jarnamasyny yglan edip, türkleriň ýaşaýan çäkleriniň bütewüligini we özbaşdaklygyny goldap çykyş etdi. Stambuly eýelän iňlisler mart aýynda «*diýenetmezek parlamenti*» dargatdylar. Halk wekillerini tussag etdiler.

Türk soltany we onuň hökümeti ýurduň özbaşdaklygyny goramagy gurap bilmedi. Şeýle şertlerde watançy güýçler göreş meýdanyna çykýar. Olara goşun generaly *Mustafa Kemal* ýolbaşçylyk edipdi. Türkiýede milli azat edijilik rewolýusiýasy başlandy.



***Mustafa Kemal Atatürk*** *(Mustafa Kemal paşşa) (1881–1938) – Türkiýäniň meşhur syýasy we döwlet işgäri, Türkiýe Respublikasyny esaslandyryjy. Ol ýaşlygynda «Ýaş türkleriň» syýasy hereketine goşulýar. Harby gullukda abraý gazanyp, general derejesini alýar. 1911-nji ýylda Liwiýada, 1912-nji ýylda Balkanlardaky söweş hereketlerine gatnaşýar. Birinji Jahan urşy wagtynda Gallipoliýadaky söweş hereketlerine gatnaşýar. Türk halkynyň milli azat edijilik rewolýusiýasynyň serdary. 1923–1938-nji ýyllarda Türkiýe Respublikasynyň ilkinji prezidenti.*

Mustafa Kemalyň ýolbaşçylygyndaky türk watançylary 1920-nji ýylyň 22-nji aprelinde Ankara şäherinde täze mejlis çagyrdylar. Oňa dargadylan mejlisiň 105 deputaty hem giripdir. Bu mejlis *Türkiýäniň Beýik milli ýygnagy* adyny aldy (häzirki wagtda-da Türkiýe Respublikasynyň parlamenti şeýle atlandyrylýar). Mejlis 1920--nji ýylyň 3-nji maýynda Milli hökümeti döretdi. Ýurtda iki häkimiýetlilik başlandy. Emma halk soltan hökümetini däl-de, Ankara hökümetini goldaýardy. 1920-nji ýylyň 10-njy awgustynda Antanta ýurtlary soltan hökümetiniň boýnuna *Sewr*[1] parahatçylyk şertnamasyny dakdy. Onuň şertlerine görä, Türkiýe Beýik Britaniýanyň, Fransiýanyň, Italiýanyň, Gresiýanyň arasynda paýlaşylmalydy. Ýurduň demirgazyk-gündogary Ermenistana berilmelidi. Günorta-gündogarynda bolsa Beýik Britaniýanyň protektoraty esasynda Kürdüstan döwleti döredilmelidi. Iş ýüzünde Türkiýe özbaşdak döwlet hökmünde ýaşamagyny bes etmelidi. Kapitulýasiýa düzgünine laýyklykda, daşary ýurt raýatlary türk kazyýetine tabyn däldi. Ýurduň býujetine daşary ýurtlar gözegçilik etmelidi. Mustafa Kemalyň hökümeti soltan hökümetiniň Antanta ýurtlary bilen baglaşan Sewr parahatçylyk şertnamasyny ykrar etmedi. Bu şertnamanyň kemsidiji şertleri türk halkynyň watançylyk hereketini has-da güýçlendirdi.

Mustafa Kemalyň hökümeti ilkinji bolup Sowet Russiýasy tarapyndan goldanylýar. 1920-nji ýylyň 3-nji iýunynda diplomatik gatnaşyklar ýola goýulýar. Sowet Russiýasy 10 *mln* altyn rubl möçberinde Türkiýä harby kömek berýär. 1921-nji ýylyň 16-njy martynda Moskwada RSFSR bilen Türkiýäniň arasynda dostluk we doganlyk barada şertnama baglaşylýar. Iki döwletiň arasynda dawaly serhet meseleleri çözülýär. 1921-nji ýylyň 13-nji sentýabrynda Karsda baglaşylan şertnama görä, Kars etraby bilen birlikde Ardagan welaýaty Türkiýä berildi. Batumi welaýatynyň Artwin etraby Türkiýä berlip, welaýatyň demirgazyk bölegi Batumi şäheri bilen birlikde Gruziýanyň düzüminde galdyrylýar. 1921–1922-nji ýyllaryň sepgidinde Ankarada M.W.Frunze Ukraina Sowet Respublikasy bilen Türkiýäniň arasynda şertnama gol çekýär. Sowet Russiýasy bilen şertnamanyň baglaşylan günlerinde Moskwada Owganystanyň hem wekilçilikli topary bar eken. Pursatdan peýdalanyp, 1-nji martda Türkiýe bu ýerde Owganystan bilen hem dostlukly şertnama gol çekýär.

Türk watançylarynyň azat edijilik hereketini Italiýa, Fransiýa, Gresiýa basyp ýatyrjak bolýarlar. Gresiýa 1921-nji ýylyň baharynda ähli front boýunça hüjüme geçýär. Grekler tomusda Ankaranyň 75 kilometr golaýyna barmagy başarýarlar. Şol ýerde türk watançylary greklere berk gaýtawul beripdirler.

Türk halkyny ýeňip bolmajagyna göz ýetirip, ilki Italiýa, soňra Fransiýa goşunlaryny çykarypdyrlar. Türkleriň Sakarýa söweşinde (1921-nji ýylyň 23-nji awgusty – 13-nji sentýabry aralygy) gazanan ajaýyp ýeňşinden soň, 1921-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda Fransiýa bilen ýaraşyk şertnamasyna gol çekilipdir. Fransiýa

[1] Parižiň golaýy.

günorta Anadolydan goşunlaryny çykarypdyr. Türkiýe–Siriýa serhedi ylalaşylypdyr. Türkiýe Iskenderun sebitiniň Siriýanyň çäginde galmagyna razylyk beripdir. 1922-nji ýylyň güýzüne çenli basybalyjylar doly ýeňlip, ýurtdan çykarylypdyr. Oktýabrda Antanta we Gresiýa Türkiýe bilen Mermer deňzindäki *Mudon* şäherinde ylalaşyga gol çekip, söweş hereketlerini bes edýärler.




*1919–1922-nji ýyllardaky ikinji grek-türk urşunyň kartasy*

1922-nji ýylyň 1-nji noýabrynda Osman imperiýasy – 623 ýyl höküm süren soltanlyk agdarylýar. Türk soltany 17-nji noýabrda iňlis harby gämisinde Malta adasyna gidip, britan howandarlygyna geçipdir. 1923-nji ýylyň aprelinde Mustafa Kemalyň baştutanlygynda *Halk partiýasy* atly täze partiýa döredilýär. Birneme soňrak onuň ady *Respublikan halk partiýasy (Jumhuriýet Halk partisi)* diýlip üýtgedilipdir.

Türk halky Mustafa Kemalyň ýolbaşçylygynda Birinji Jahan urşunda ýeňiji bolan döwletlerden üstün çykmagy başardy. Bu ýeňiş öz watany, nesilleriniň geljegi, garaşsyzlygy üçin göreşen halky ýeňip bolmaýandygyny ýene bir gezek subut etdi.

**Türkiýe Respublikasy 20–30-njy ýyllarda.** 1918–1923-nji ýyllaryň milli azat edijilik göreşiniň netijesinde 1923-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda Türkiýe Respublikasynyň döredilýändigi jar edildi. Onuň ilkinji prezidenti wezipesine Mustafa Kemal saýlandy. Paýtagt Stambuldan Ankara geçirildi. Ýaş respublika öň Türkiýäniň boýnuna dakylan deňhukuksyz şertnamalary, ýurduň maliýe ulgamynyň üstünden gurnalan halkara gözegçiligini ýatyrdy. Şweýsariýanyň *Lozanna şäherinde*

(1922 ý.noýabry – 1923 ý. iýuly) geçirilen halkara maslahatynyň jemi boýunça baglaşylan Lozanna şertnamasyna (24.07.1923) laýyklykda, Antanta döwletleri Türkiýäniň häzirki serhetlerinde döwlet özbaşdaklygyny ykrar etdiler. Türk diplomatiýasynyň halkara bileleşigindäki bu ilkinji üstünliginiň gazanylmagynda *Ismet Inönüň* (1884–1973) diplomatik tagallalary uly bolupdy. Gara deňizdäki bogazlar halkara gözegçiligine geçirildi. Ol sebitde berkitme gurmak we oňa goşun girizmek Türkiýä gadagan edildi.

1924-nji ýylyň 3-nji martynda Halyflyk düzgüni ýatyryldy. Ýurtdaky özgerişler 1924-nji ýylyň 20-nji aprelinde kabul edilen Konstitusiýada berkidildi. Dini we milli aýratynlyklaryna garamazdan, Türkiýäniň ähli raýatlary *türkler* diýlip yglan edildi. 1928-nji ýylda din döwletden aýryldy we ýurt dünýewi respublika öwrüldi.

M.K.Atatürküň ýolbaşçylygynda ykdysady howpsuzlygy gazanmak ugrunda uly işler edildi. Ykdysady babatda *etatizm* syýasatyny ýöredip, iri daşary ýurt senagat kärhanalary, demir ýollary döwlet tarapyndan satyn alyndy. Milli senagaty ösdürmäge üns berildi. Döwlet senagata, demirýol ulgamyna, beýleki pudaklara serişdeleri goýberdi. Döwlet bilen hususyýetçileriň bilelikdäki kärhanalary guruldy. Hususy telekeçilik höweslendirildi. Daşary ýurt algydarlary bilen geçirilen gepleşikleriň netijesinde Türkiýäniň döwlet bergisiniň 10 esseden gowrak azaldylmagy gazanyldy. *Kapitulýasiýa* düzgüni ýatyryldy. Döwlet kemala gelýän ýaş milli ykdysadyýeti goramak üçin ýokary gümrük paçlaryny girizdi. Oba hojalygynda salgyt özgertmeleri geçirildi. Temmäki, gowaça ýaly tehniki ekinleriň ekilmegi döwlet tarapyndan höweslendirildi.

20–30-njy ýyllarda saýlaw, magaryf, kazyýet ulgamy boýunça düýpli özgertmeler geçirildi. Medreseler ýapylyp, döwlet bilim ulgamynyň üstünden öz gözegçiligini ýola goýdy. Kazyýet işi ruhanylaryň elinden alyndy. Aýallaryň hukuklary erkekleriňki bilen deňleşdirildi, köpaýallylyk ýatyryldy. Aýallar bürenje geýmekden azat edildi. Aýallar 1930-njy ýyldan başlap, ýerli häkimiýetlere, 1934-nji ýyldan başlap bolsa, mejlise saýlamaga we saýlanmaga hukuk aldylar. Köp wagtlap ara alnyp maslahatlaşylyp, 1936-njy ýylda zähmet hakynda kanun kabul edildi.

1925–1928-nji ýyllarda ýewropa nusgasynda jenaýat we raýat kodeksleri kabul edildi. Ýewropa kalendary we ýyl hasaby, ýewropa egin-eşigi girizildi. 1928-nji ýylda latyn elipbiýine geçildi. Familiýalar girizildi. 1934-nji ýylda Mustafa Kemala «*Atatürk*» – «*türkleriň atasy*» diýen hormatly at dakyldy.

1925-nji ýyldan başlap, ýurtda bir partiýalylyk ulgamy berkidildi. Respublikan halk partiýasynyň 1927, 1931-nji ýyllarda kabul edilen 6 sany ýörelgesi Türkiýäniň döwlet ideologiýasynyň – *kemalçylygyň (ýa-da atatürkçüligiň)* esasyny düzdi:

1. Respublikaçylyk;
2. Millilik;
3. Etatizm (döwletçillik);
4. Laýiklik (ýagny, dünýewilik, yslamyň döwletden we magaryfdan aýrylmagy);

5. Türk halkynyň bütewüligi (Türkiýede synplaryň we synpy göreşiň inkär edilmegi);
6. Rewolýusionlyk (kemalçylyk ideýalara we özgertmelere wepalylyk).

20–30-njy ýyllarda geçirilen özgertmeleriň netijesinde Türkiýäniň syýasy, ykdysady ýagdaýy birneme berkleşdi.

**20–30-njy ýyllarda Türkiýäniň daşary syýasaty.** Lozanna şertnamasy Türkiýäniň Günbatar döwletleri bilen birnäçe meselelerini düzgünleşdirmän galdyrypdy. Olaryň *birinjisi* Beýik Britaniýa bilen dawaly *Mosul meselesidi*. Nebite baý Mosul welaýaty 1916-njy ýyldaky *Saýks-Pikonyň ylalaşygyna* laýyklykda, Fransiýa berlipdi. 1920-nji ýyldaky San-Remo maslahatynda bolsa, Fransiýa özüni Orta Gündogarda goldamagynyň öwezine ony Beýik Britaniýa beripdi. Lozanna maslahatynda Türkiýe – Yrak serhediniň meselesi ara alnyp maslahatlaşylanda Mosul we Süleýmaniýe welaýatlarynyň esasy ilatynyň türkdügini nazara alyp, Türkiýä berilmegini talap edipdir. Emma Yraga mandat alan Beýik Britaniýa bu talaby ret edipdir. Lozanna ylalaşygynyň 3-nji maddasyna görä, bu mesele 9 aýyň içinde türk–iňlis gepleşikleriniň netijesinde çözülmelidi. Emma 1924-nji ýylyň maý–iýun aýlarynda Stambulda geçirilen gepleşikleriň netijesinde anyk karara barylmandyr. Mesele Milletler Ligasynyň gün tertibine goýlupdyr. Ol 1925-nji ýylda Mosulyň Yraga, Hakkariýanyň bolsa Türkiýä berilmelidigi hakda karar çykardy. Türkiýä 1926-njy ýylyň 5-nji iýunynda Beýik Britaniýa bilen ylalaşyga gol çekip, Milletler Ligasynyň karary bilen ylalaşmakdan başga alaç galmady.

*Ikinji, Fransiýa bilen bagly meselelerdi.* Ol, ozaly bilen, Osman döwletiniň bergileri meselesidi. Ol 1928, 1931, 1933-nji ýyllardaky gepleşiklerden soň Türkiýäniň bähbidine çözüldi. 1926-njy ýylyň 18-nji fewralynda Fransiýa bilen baglaşylan dostluk şertnamasyna laýyklykda, Türkiýäniň Siriýa bilen serhetleri düzgünleşdirildi. 1928-nji ýylda Türkiýe fransuzlar tarapyndan gurlan Adana–Mersin demirýoluny satyn almakçy bolanynda, birbada Fransiýa oňa garşy boldy. Emma 1929-njy ýylda bu mesele Türkiýäniň peýdasyna çözüldi. Şeýlelikde, Fransiýanyň Türkiýe bilen öňki Osman imperiýasynda bolşy ýaly, kapitulýasion düzgünleri dowam etdirmek islegi başa barmady.

*Üçünji, Gresiýa bilen bagly meseleler.* Lozanna konferensiýasynda Türkiýede galan grekleri Gresiýa, Gresiýada galan türkleri Türkiýä göçürmek meselesi ylalaşylypdy. Bu göçüşlige 1918-nji ýylyň 30-njy oktýabryndan öň günbatar Frakiýada ýaşaýan türkler degişli edilmeli däldi. Gresiýa bolsa Stambulda ýaşaýan grekleriň şol ýerde galmagynyň tarapdarydy. Dawalar has ýitileşdi. 1926, 1930-njy ýyllardaky türk–grek ylalaşygyna laýyklykda, doglan senesine we ýaşaýan ýerine garamazdan, iki döwletiň grek we türk raýatlary birek-birek tarapyndan öz çäklerine göçürildi.

Türkiýe daşary syýasatynda Dardanell we Bosfor bogazlary hakynda Lozanna ylalaşygynyň kemsidiji şertlerini ýatyrmak ugrunda göreşdi. Ol bogazlaryň çäginde, Mermer deňzinde, Egeý deňzindäki adalarda goşun saklamakdan mahrumdy. Ol bu me-

seläni ençeme gezek Milletler Ligasyna goýdy. 1936-njy ýylyň iýun–iýul aýlarynda *Montrýo maslahaty* (Şweýsariýa) çagyrylyp, Dardanell we Bosfor meselesine täzeden seredildi. Bu maslahatyň jemi boýunça 20-nji iýulda kabul edilen konwensiýa laýyklykda, jedelli suw geçelgelerine halkara gözegçiligi ýatyrylyp, ol hukuk Türkiýä berildi. Eger, uruş ýagdaýynda Türkiýe bitaraplygyny saklasa, bogazdan harby gämileri geçirmeli däldi. Eger ol urşa goşulsa, onda uruşýan beýleki taraplaryň gämilerini geçirip-geçirmezlik onuň öz ygtyýaryndadyr. Konwensiýa Gara deňziň kenaryndaky döwletleriň deňizde saklajak harby gämileriniň görnüşini, ululygyny we tonnažyny hem çäklendirdi. Bu Türkiýäniň uly diplomatik üstünligidir. Bu meselede SSSR Türkiýäni goldapdy. Öňki ýagdaýda beýleki döwletleriň harby gämileriniň Gara deňiz sebitlerine erkin aralaşmagy SSSR-iň howpsuzlygyna-da ters gelýärdi. Ylalaşyk 20 ýyl möhlete baglaşylypdy. Konwensiýa SSSR, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Bolgariýa, Ýugoslawiýa, Gresiýa, Rumyniýa, Ýaponiýa hem gol çekdi. Ol häzirki döwürde-de dowam edýär.

Türkiýe Orta Gündogaryň döwletlerinden Owganystan bilen dostlukly gatnaşyklary alyp bardy. 1928-nji ýylda Owganystanyň emiri Amanulla han Türkiýede saparda boldy. Şol ýylyň 25-nji maýynda Ankarada dostluk we hyzmatdaşlyk hakda türk–owgan şertnamasyna gol çekildi. Eýran bilen Türkiýäniň arasynda 1926-njy ýylyň 22-nji aprelinde serhet meseleleri boýunça ylalaşyk baglaşyldy. Käbir düşünişmezliklere garamazdan, iki ýurduň serhetleri 1932-nji ýylyň ylalaşygy boýunça düzgünleşdirildi. 1934-nji ýylda Reza şa Türkiýede saparda boldy. Onuň bilen Atatürküň arasynda dostlukly gatnaşyklar ýola goýuldy. 1937-nji ýylyň 8-nji iýulynda Tähranyň Sadabat köşgünde Türkiýäniň, Eýranyň, Owganystanyň we Yragyň arasynda *Sadabat paktyna* gol çekildi.




*Bosfor we Dardanell bogazlary*

20–30-njy ýyllarda sowet–türk gatnaşyklary dostlukly ýagdaýda boldy. 1925--nji ýylyň dekabrynda SSSR Türkiýe bilen çozmazlyk we bitaraplyk barada şertnama baglaşdy. 1932-nji ýylda SSSR-iň beren karzy we tehniki ýardamy bilen Kaýseride, 1935-nji ýylda bolsa Nazillide iri dokma kombinatlary guruldy.

1938-nji ýylyň 10-njy noýabrynda M.K.Atatürk ýogalandan soňra, ýurduň Mejlisi tarapyndan *Ismet Inönü* prezident saýlandy. Ol 1950-nji ýyla çenli Türkiýäniň prezidenti boldy.



***Ismet Inönü** (1884–1973) – Türkiýäniň harby we döwlet işgäri. Hakyky ady Mustafa Ismet paşşa. Birinji Jahan urşunda Mesopotamiýa frontunda söweşdi. Türk halkynyň garaşsyzlyk ugrundaky göreşinde I we II Inönü (türkmençe «Hiniň öňi» diýen manysy bar) söweşlerinde gahrymançylyk görkezendigi üçin, oňa Inönü familiýasy berilýär. Atatürküň hökümetinde Daşary işler ministri, premýer-ministr, baş karargähiň başlygy boldy. Türkiýe Respublikasynyň ikinji prezidenti (1938–1950). 1961–1965-nji ýyllarda hökümet baştutany boldy.*

Türkiýe Ikinji Jahan urşunyň öňüsyrasynda Beýik Britaniýa we Fransiýa döwletleri bilen-de, Germaniýa bilen hem dostlukly gatnaşyklaryny ýola goýdy. 1930--njy ýylda ol Germaniýa bilen söwda şertnamasyny baglaşdy. Germaniýa Türkiýäniň daşary söwdasynda birinji ýere geçdi. 1930-njy ýylda ABŞ hem Türkiýede söwda agalygyny artdyryp ugrady. 1932-nji ýylyň iýulynda Türkiýe Milletler Ligasyna agza boldy. 1938-nji ýylda Beýik Britaniýanyň talaby boýunça Fransiýa Siriýanyň türk ilaty ýaşaýan Iskenderun sanjagyny Türkiýä yzyna gaýtarmaga razylaşdy. Ol 1939-njy ýylda Hataý okrugy hökmünde Türkiýäniň düzümine girdi.

Ikinji Jahan urşy başlanandan soňra, Türkiýe uruşda bitaraplygyny jar etdi. 1939-njy ýylda Türkiýe Beýik Britaniýa we Fransiýa bilen ýaranlyk we birek-birege kömek bermek barada şertnama gol çekdi. 1940-njy ýylyň tomsundan başlap, Türkiýe Germaniýa bilen ýakynlaşdy. Sowet–türk gatnaşyklary bolsa erbetleşdi. Edil Beýik Watançylyk urşunyň başlanmagyna 4 gün galanda, Türkiýe Germaniýa bilen dostluk barada şertnama baglaşdy. Uruş ýyllarynda Türkiýe faşistik Germaniýa hrom we beýleki gymmatbaha çig mallaryny satdy. Bogazlardan nemes gämilerini Gara deňze goýberdi. Ol 1945-nji ýylyň fewralynyň ahyrynda Germaniýa we Ýaponiýa garşy uruş yglan etdi. Emma harby hereketlere gatnaşmady.

♦ **Inönü – «gowagyň öňi»** diýen manyny berýär. Türkiýäniň ikinji prezidenti Ismet Inönü bu familiýany 1921-nji ýylyň 7-10-njy ýanwarynda Eski şäheriň golaýyndaky dagyň gowagynyň golaýynda greklere garşy bolan birinji hem-de 30-njy mart – 1-nji aprel aralygynda bolan ikinji Inönü söweşlerinde üstünlik gazanandygy üçin, Türkiýede familiýalar girizilen wagty alypdy.

♦ **Jon Stýuart Mill** (1806–1873) – iňlis filosofy we ykdysatçysy. Ilkinji bolup aýallaryň saýlaw hukugy baradaky meseläni öňe süren adam.

## § 2. Owganystanyň syýasy garaşsyzlyk gazanmagy

**Amanulla han. Üçünji iňlis-owgan urşy.** Owgan halky özüniň milli däpleri boýunça özbaşdaklygy, erkinligi halaýan halk. XIX asyrda dünýäniň güýçli döwleti bolan Beýik Britaniýa Owganystana garşy alyp baran uruşlarynyň ikisinde-de (1838–1842, 1878–1880) ony doly ýeňip bilmändi. Her näme-de bolsa, ikinji iňlis-owgan urşunda Beýik Britaniýa *Gandamak şertnamasy* boýunça Owganystanyň daşary syýasatynyň üstünden öz gözegçiligini gurap bilipdi. 1893–1895-nji ýyllarda owgan wekilleriniň gatnaşmazlygynda diýen ýaly, hindi-owgan serhedi demarkasiýa edildi. Ol lord Dýurandyň ady boýunça *Dýurandyň liniýasy* adyny aldy. Oňa laýyklykda, puştun taýpalarynyň köpüsi Hindistanyň çäklerinde (häzir Pakistanyň ýerlerinde) galdy. Birneme soňrak Pamir etraplarynda rus-owgan serhedi hem anyklanyldy. Owganystan Beýik Britaniýanyň täsirine düşüpdi. Bu ýagdaý 40 ýyl çemesi dowam etdi.


*Habybulla han*

1901–1919-njy ýyllarda emir Abdyrahmanyň ogly *Habybulla* Owganystanyň emiri boldy. Onuň dolandyryşynyň başy 1901–1902-nji ýyllaryň gurakçylygy, açlygy bilen başlandy. Habybullanyň döwründe ýurduň daşarky garaşsyzlygy ugrunda hereketler artdy. Hindistanyň wise-koroly lord Kerzon oňa kakasy bilen baglaşylan şertnamalary täzelemegiň zerurdygyny duýdurýar. Emma Habybulla taraplaryň arasynda jedelli meseleleriň ýokdugyny aýdyp, gepleşikler geçirmek üçin Hindistana barmandyr. Muňa jogap edip, Kerzon 1904-nji ýylda *Deniň missiýasyny* Owganystana iberýär. Ol Owganystanyň garaşsyzlygyny mundan beýläk-de çäklendirjek täze şertnamanyň taslamasyny teklip edipdir. Emma emir diňe öň kakasy Abdyrahmanyň iňlisler bilen baglaşan şertnamasyny uzaltmaga razylyk berjekdigini aýdypdyr. Şeýlelikde, 1905-nji ýylyň 21-nji martynda Kabulda Habybulla bilen Deniň arasynda şertnama gol çekilipdir.


*Amanulla han*

1907-nji ýylyň 31-nji awgustynda Russiýa bilen Beýik Britaniýanyň arasynda Eýrany, Owganystany we Tibeti täsir zolaklaryna paýlaşmak hakynda ylalaşyga gol çekildi. Agzalan şertnamalar Owganystanyň syýasy garaşsyzlygyny has-da gowşadypdy.

Habybulla ýurdy daşky dünýäden üzňeleşdirmek syýasatyny ýöredipdir. Emiriň hut öz gyzyklanmasy bolmasa, Owganystana gelmekçi bolýan islendik daşary ýurtla ýurda girmek gadagandy. Üstesine, Owganystana diňe Hindistanyň we Bulujystanyň üsti bilen gelip bolýardy. Munuň üçin hem hindi kolonial häkimiýetleriniň ýörite rugsadyny almalydy. Bu zatlar ýurduň ösüşini bökdeýärdi. Owganystanyň halklarynyň dünýä ylmynyň we tehnikasynyň şol wagtky gazananlaryna dahylly bolmagyny çäklendirýärdi. Ýurtda rus-iňlis bäsdeşligi zerarly demir ýollaryň gurluşygy bilgeşleýin alnyp barylmandy.

XX asyryň başynda ýurduň ýokary gatlagynyň arasynda ýewropa medeniýetiniň gazananlaryny ornaşdyrmaga synanyşyk başlanypdyr. 1903-nji ýylda döredilen «*Habibiýa*» döwlet raýat okuw mekdebi we serkerdeler mekdebi owgan intelligensiýasynyň kemala gelmeginde ilkinji ädimlerdi. 1909-njy ýylyň başynda «Habibiýa» mekdebiniň müdiri doktor *Abdul Gani* konstitusiýa we özgertmeler ugrundaky çagyryşy üçin türmä salnypdyr. Ýurtda konstitusion özgertmeler ugrundaky bu herekete ýewropa edebiýatynda «*ýaş owganlaryň*» hereketi diýilýär. Olaryň ideýa öňbaşçysy *Mahmud bek-Tarzi* hasaplanýar. Mahmud bek-Tarzi 1868-nji ýylda Gaznada doglup, 1935-nji ýylda Stambulda aradan çykýar. Ol Bagdat, Stambul ýaly şäherlerde ýaşapdyr we bilim alypdyr. Tarzi döwrüniň görnükli taryhçysy, filosofy, žurnalisti we şahyry hasaplanýar. Onuň baştutanlygyndaky «*ýaş owganlar*» özgertmeleri halka daýanmazdan, «ýokardan» geçirmegiň, ýurdy konstitusion monarhiýa öwürmegiň, ýewropalaşdyrmagyň tarapdarydy. «Ýaş owganlar» orta asyr yzagalaklygynyň yzlaryny ýeňip geçmäge çagyrýardylar. Olaryň ideýalary iri söwdagärleriň we ýer eýeleriniň bähbitlerine golaýdy. Köşkde özüne goldaw tapmak üçin olar Habybullanyň üçünji ogly Amanulla hana bil baglaýardylar. Ýeri gelende ýatlasak, Amanulla han «ýaş owganlaryň» öňbaşçysy Mahmud Tarziniň giýewidi. Öňki ýagdaýy saklap galmagyň tarapdarlary bolsa («*köne owganlar*») Habybullanyň dogany *Nasrullanyň* töweregine jemlendiler.

Birinji Jahan urşy ýyllarynda Owganystan bitaraplygyny saklady. Emir urşy «beýik betbagtçylyk» diýip atlandyryp, «*häzirki wagtda diňe bitarap döwletler bagtlydyr, şonuň üçin hem berk bitaraplyk – Owganystan üçin beýik bagtdyr*» diýip nygtapdyr. Uruşdan soňra ýurduň syýasy garaşsyzlygyny dikeltmäge mümkinçilik döredi. 1919-njy ýylyň 20-nji fewralynda geçirilen köşk dildüwşügi netijesinde emir Habybulla öldürilipdir. Ganhoryň kimdigi mälim bolman galypdyr. 1919-njy ýylyň 28-nji fewralynda tagta onuň ogly *Amanulla han* çykýar. Ol turuwbaşdan ýurduň syýasy garaşsyzlygyny gazanmaga çalyşýar. Ol şol gün Owganystanyň doly garaşsyzlygyny jar edýär.

1919-njy ýylyň 3-nji martynda Amanulla han Hindistanyň wise-koroly lord Çelmsforda ýollan hatynda öňki iňlis-owgan şertnamalaryna gaýtadan seretmegi we Owganystanyň garaşsyzlygyny doly dikeltmek isleýändigini aýdypdyr. Beýik Britaniýa Owganystanyň garaşsyzlygyny ykrar etmek barada owgan wekilleri bilen

gepleşmek hem islemändir. Diňe Russiýadan başga dünýäniň hiç bir döwleti täze garaşsyz döwleti ykrar etmedi. 1919-njy ýylyň 27-nji martynda sowet hökümeti Owganystanyň garaşsyzlygyny ykrar etdi.

Beýik Britaniýa Owganystanyň garaşsyzlygyny ýok etmek üçin, urşa taýýarlyk gördi. Owganystanyň 40 *müň* adamly goşunyna garşy 140 *müňli* goşun bilen, harby uçarlary-da ulanyp, Beýik Britaniýa 1919-njy ýylyň 3-nji maýynda *üçünji iňlis-owgan urşuna* başlady.

Urşuň gidişinde Owganystanyň geljekki emiri, şol wagt goşun generaly *Muhammet Nedir hanyň* ýolbaşçylygyndaky esgerler aýratyn tapawutlanypdyrlar. Emma ýaraglanyşyk babatda owganlardan has ýokary bolan iňlis goşunyny ýeňmek Amanulla hana başartmandyr. Iňlisler söweşlerde uçarlary hem ulanypdyrlar. Amanulla hanyň teklibi boýunça uruş başlanandan göni bir aý geçen güni – 1919-njy ýylyň 3-nji iýunynda harby hereketler ýatyryldy. Beýik Britaniýa bu gezek hem Owganystany doly ýeňip bilmändir. Owganlaryň berk gaýtawul bermegi uruşlarda ýadan iňlisleri ylalaşyk baglaşmagyň ýollaryny gözlemäge mejbur edipdir. Çünki şol wagtlar iňlisler Owganystandan has wajybrak ýerlerde harby hereketleri alyp barýardylar. Angliýa Owganystan bilen uzak uruş alyp barmagy islemeýärdi. Ine, şonuň üçin Angliýa Amanullanyň urşy bes etmek hakyndaky teklibi bilen dessine ylalaşypdyr. Iňlisleriň urşy bes edip gaýtmagy, olaryň owganlary doly ýeňmezligi dünýä edebiýatynda, aýratyn-da sowet taryhçylarynyň işlerinde Angliýanyň uruşda ýeňlen tarap hökmünde görkezilmegine getiripdi. Amanulla hanyň III iňlis-owgan urşundan soňky diplomatik üstünlikleri Owganystanyň üçünji uruşda ýeňendigi baradaky habarlary has-da güýçlendiripdi.

**Owganystanyň garaşsyzlygynyň ykrar edilmegi.** Amanulla hanyň tutanýerliligi, halkyň erkinligi jany-teni bilen söýüp, gahrymanlarça göreşendigi netijesinde Owganystan döwletiniň syýasy garaşsyzlygy dikeldildi. 1919-njy ýylyň 8-nji awgustynda *Rawalpindide* baglaşylan deslapky (preliminar) ýaraşyk şertnamasyna görä, Beýik Britaniýa Owganystanyň garaşsyzlygyny ykrar etdi. Owganystan öz daşary syýasatynyň üstünden gözegçilik etmegiň öwezine berilýän iňlis *subsidiýalaryndan* ýüz öwürdi. 1921-nji ýylda gutarnykly iňlis-owgan parahatçylyk şertnamasy baglaşyldy. Owganystanyň garaşsyzlygy doly ykrar edildi. Haýbar geçelgesiniň etrabynda hindi-owgan araçägi kem-käs owganlaryň bähbidine üýtgedildi. Şertnamanyň owganlar üçin ýeke-täk bähbitsiz ýeri bardy. Ol hem Owganystan öz çäginde ýaşaýan serhetýaka taýpalaryň işine goşulmazlyga söz beripdi. Iňlisler Owganystan bilen Hindistanyň serhedini kesgitleýän «*Dýurandyň çäginiň*» ykrar edilmegini gazanypdylar. Bu bolsa geljekde Owganystan üçin amatsyz ýagdaýlaryň ençeme gezek ýüze çykmagyna getiripdi.

**Amanulla hanyň Ýewropa nusgasynda geçiren özgertmeleri.** Emiriň baştutanlygynda düzümine 25 adam girýän «*Kanun çykaryjy Geňeş*» döredildi. Onuň maksady wagty ýeten özgertmelere başlamakdan ybaratdy. Onda kanunlaryň, býu-

jetiň, daşary ýurtlar bilen baglaşyljak şertnamalaryň taslamasyna seredilýärdi. 20-nji ýyllarda Owganystanda bazar ykdysadyýetiniň ösmegine itergi berýän özgertmeleriň birnäçesi durmuşa geçirildi. Bu özgertmeler Owganystanyň yzagalaklygyny ýok etmäge gönükdirilipdi. Olar ýurduň dünýä ösüşi bilen aýakdaş ädim ätmegine synanyşykdy. Geçirilen özgertmeleriň käbirine seredeliň:

1921-nji ýylda «Senagaty goldamak baradaky» kanun kabul edildi. 1923-nji ýylyň 10-njy aprelinde Owganystanyň taryhynda ilkinji Konstitusiýa kabul edildi. Owganystan monarhiýa gurluşly döwlet bolanlygyndan konstitusion monarhiýa döwletine öwrüldi. Konstitusiýa laýyklykda, gulçulyk gadagan edildi, raýatlaryň (şol sanda aýallaryň-da) deňhukuklylygy jar edildi. 1921-nji ýylda üç basgançakly mekdepler açyldy. Ruhanylaryň, taýpa-tire aksakallarynyň hukuklary çäklendirildi. Olara döwlet salgytlaryny ýygnamak gadagan edildi. Natural salgytlar pul salgydy bilen çalşyryldy. Kazyýet ulgamy ruhanylaryň elinden alnyp, döwletiň gözegçiligine berildi. Dünýewi bilim ulgamy döredildi. Döwlet býujeti düzüldi. Ýere hususy eýeçilik girizildi. Milli söwda şereketleri döredildi. Ykdysadyýetde döwlet pudagy giňeldildi. Merkezleşdirilen döwleti berkitmäge gönükdirilen çäreleriň ençemesi geçirildi. 1923-nji ýylda ýerli saýlawly guramalar döredildi.

1921-nji ýylyň 28-nji fewralynda Kabulda RSFSR bilen Owganystanyň arasynda dostluk hakyndaky şertnama gol çekildi. Oňa laýyklykda, taraplaryň haýsy hem bolsa biri bilen duşmançylykda bolan döwletler bilen ylalaşyk baglaşmazlyga şertleşildi. Sowet hökümeti bu ýurda pul we beýleki maddy ýardamy berdi. 1921-nji ýylda Beýik Britaniýa hem Owganystan bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy. Onuň yzysüre Aziýanyň we Ýewropanyň köp döwletleri Owganystan bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdular.

Amanulla han 1927–1928-nji ýyllarda Gündogaryň (Hindistan, Müsür, Türkiýe, Eýran) we Ýewropanyň birnäçe ýurtlarynda (şol sanda SSSR-de) 7 aýlap gezelençde bolan döwründe gören, öwrenen täzeliklerini watanynda ornaşdyrmaga synandy. Oňa laýyklykda, ozaly bilen, ýurtda täze ýollary, elektrostansiýalary, radiostansiýalary gurmak göz öňünde tutulýardy. Soňra döwlet we hususy banklar döredilmelidi, uniwersitetler açylmalydy, hassahanalar gurulmalydy. Halk geňeşleri owgan parlamentini döretmekde deslapky ädimdi.



*Amanulla han Türkiýäniň prezidenti Atatürk bilen. Ankara, 1928 ý.*

Amanulla han gezelençden gelip, özgertmeleri durmuşa ornaşdyryp başlady. Ählumumy harby borçlulyk girizildi, täze döwlet baýdagy we

gerbi tassyklanyldy. Täze raýat we jenaýat kodeksleriniň taslamasy tassyklanyldy. 1928-nji ýylyň awgustynda geçirilmeli özgertmeler *Loýa Jirgada* tassyklanypdyr. Owganystanda Günbataryň – dünýä medeniýetiniň täsiri ornaşyp başlady. Halk galkynyp, ilatyň syýasy işjeňligi ýokarlandy.

Emma asyrlarboýy dowam edip gelýän tire-taýpa, dini gatnaşyklaryň üýtgedilip kanunlaşdyrylmagy Amanulla hanyň syýasatyndan närazylygyň başlanmagyna getiripdir. Geçirilýän özgertmelerden barly adamlar, aýratyn-da dindarlar gaty närazy bolupdyrlar. Olar garaşsyz Owganystanyň ösdürilmegine gönükdirilen çäreleriň ähmiýetine ters düşünenleriň gozgalaňyny goldapdyrlar, 1928-nji ýylda oňa garşy gozgalaň turzupdyrlar. Gozgalaňa täjik milletinden bolan, 1924-nji ýylda goşunda gulluk etmekden gaçan, Hindistana baryp, iňlis kolonial hökümetinden goldaw tapan *Baçai Sakao* ýolbaşçylyk edipdir. 1928-nji ýylyň noýabrynda Baçai Sakao gazy Habybulla han ady bilen özüni emir diýip yglan edipdir. Ol özüni daýhanlaryň we yslamyň goragçysy hökmünde görkezipdir.

1929-njy ýylyň 17-nji ýanwarynda Baçai Sakao paýtagta giripdir, 19-njy ýanwarda resmi tagta geçmek dabarasyny gurapdyr. Amanulla han Kandagara gidip, ol ýerden öz tarapdarlary bilen paýtagta ýöriş edip, tagtyny gaýdyp almaga synanyşypdyr. Emma şowsuzlyga uçrap, emigrasiýa gidipdir. Ol ömrüniň ahyryna çenli emigrasiýada ýaşap, 1960-njy ýylda Sýurihde aradan çykypdyr. Häzirki döwürlerde Owganystanda Amanulla hanyň bitiren hyzmatlaryna ýokary baha berilýär.

Baçai Sakaonyň ömri barada maglumat köp däl. Bar bolan maglumatlara görä, ol 1889-njy ýylda daýhan maşgalasynda dogulýar. Onuň hakyky ady *Habibulla Kalakany* bolup, *Baçai Sakao (suw daşaýjynyň ogly)* onuň lakamydyr. Ol 1920-nji ýylda goşunçylyga çagyrylýar. Orta Aziýadaky basmaçylary goldap, sowet häkimiýetine garşy göreşlere gatnaşýar, owgan goşunynda kiçi serkerde derejesine eýe bolýar. 1920-nji ýylda goşundan gaçýar we birnäçe wagtlap gaçgaklykda gezýär. Bu döwürde ol özi ýalylary daşyna toplap, talaňçylyk edýär. Talaňçylykda toplan baýlyklaryny daýhanlara paýlap, olaryň goldawyny gazanýar. Milleti täjik bolandygy sebäpli, ony täjik daýhanlary has-da goldapdyrlar. Häkimiýeti basyp alandan soň, özüni daýhanlaryň goragçysy we yslamyň arassalygy ugrunda göreşiji diýip jar edipdir.

Ol Amanulla hanyň özgertmeleriniň birnäçesini ýatyrypdyr. Baçai Sakao Owganystanda dowam eden gatnaşyklaryň üýtgedilmeginiň tarapdary däldi. Ýeri gelende ýatlasak, sowet düzgünine garşy göreşde asgyn gelen, öz watanyny gelmişeklerden goramak üçin ata çyksa-da, «basmaçy» ýarlygy ýelmenen *Jüneýit han* we beýleki watançylar Baçai Sakaonyň goldawyndan peýdalanypdyrlar. Türkmenistanda kommunistik düzgünden närazy bolan ildeşlerimiziň birnäçe müňüsi Baçai Sakaonyň döwründe Owganystanda ornaşypdyrlar.



*Baçai Sakao*



Muhammet Nedir şa

Baçai Sakaonyň garşysyna-da hereket başlanypdyr. Oňa bary-ýogy 1929-njy ýylyň ýanwar–oktýabr aýlarynda 9 aýlap döwleti dolandyrmak başardypdyr. 1929-njy ýylyň 15-nji oktýabrynda ony tagtdan agdaryp, Amanulla han döwri Owganystan döwletiniň harby ministri bolan *Muhammet Nedir şa* ýurduň emiri boldy. Baçai Sakao bolsa tutulyp, 1929-njy ýylyň 2-nji noýabrynda oňa ölüm jezasy berlipdir.

Muhammet Nedir şa 1883–1933-nji ýyllarda ýaşapdyr. Ol üçünji iňlis-owgan urşunda Amanulla hanyň goşunynda general derejesinde gulluk edipdir. Başarjaň harby serkerde Amanulla han tarapyndan harby ministr wezipesine bellenilipdir. Ol Fransiýada Owganystanyň ilçisi hem bolýar. Emma Baçai Sakaonyň gozgalaňy başlanan döwri Amanulla han bilen oňuşman, ýurtdan çykyp gidipdir. Baçai Sakao tagta geçenden soň, oňa garşy göreşe başlapdyr. Bu göreşde ony iňlisler goldapdyrlar. Iňlisleriň goldawy bilen häkimiýeti basyp alypdyr, olaryň maslahaty bilen Baçai Sakaonyň we Amanulla hanyň tarapdarlaryny ýok edipdir.

Muhammet Nedir şanyň hökümeti hanlaryň we ruhanylaryň öňki ýeňillikleriniň käbirini dikeltdi. 1931-nji ýylda kabul edilen täze Konstitusiýa owgan döwletiniň absolýut monarhiýadan konstitusion monarhiýa geçmeginde täze ädim boldy. Ol iri milli söwda gatlagynyň isleglerine laýyk gelýärdi. 1933-nji ýylda *Owgan milli banky* döredildi.

Daşary syýasatda Muhammet Nedir şa bitaraplyk syýasatyny ýörelge edinjekdigini aýdypdyr. Emma iş ýüzünde Beýik Britaniýanyň täsirinde bolupdyr. 1931-nji ýylyň 24-nji iýunynda SSSR bilen Owganystanyň arasynda bitaraplyk we birek-biregiň üstüne çozmazlyk hakynda şertnama gol çekildi.

Muhammet Nedir şanyň hökümetine garşy terrorçylykly hereketler başlanypdyr. Ilki onuň dogany, 1933-nji ýylyň 8-nji noýabrynda Nedir şanyň özi terrorçylar tarapyndan öldürilipdir. Ol aradan çykansoň, tä 1973-nji ýyla çenli onuň ogly *Muhammet Zahyr şa* Owganystany dolandyrýar.



***Muhammet Zahyr şa** (1914–2007) – Owganystanyň meşhur syýasy we döwlet işgäri. Fransiýada ajaýyp dünýewi we harby bilim alýar. Hatda fransuz serkerdesi hem bolýar. Ene dilinden başga, iňlis, fransuz, italýan dillerini bilipdir. 1933–1973-nji ýyllarda Owganystanyň koroly bolýar. Italiýada saparda mahaly 1973-nji ýylyň iýulynda doganoglany Muhammet Dawut tarapyndan tagtdan agdarylýar. 2002-nji ýyla çenli Italiýada emigrasiýada ýaşaýar. 2002-nji ýylda Watanyna gaýdyp gelýär. 2007-nji ýylda Kabulda aradan çykýar.*

Zahyr şa ýurtda asudalygy, agzybirligi ýola goýmagy başarypdyr. Ýurtda syýasy ýagdaý durnuklaşypdyr. XX asyryň hökümdarlarynyň arasyndan Zahyr şany owgan halky has gowy görýär. Onuň döwrüni parahatçylygyň we ösüşleriň döwri hökmünde ýatlaýarlar.

Muhammet Zahyr şanyň döwründe Owganystan işjeň içeri we daşary syýasat alyp barmandy. Ikinji Jahan urşunyň başlanmagy bilen, Zahyr şa goşulmazlyk syýasatyny jar etdi. 1941-nji ýylyň oktýabrynda Beýik Britaniýanyň we SSSR-iň talaby bilen Owganystan nemes we italýan raýatlaryny ýurtdan çykardy. Uruş ýyllarynda amerikan maýasy ýurda içgin aralaşypdyr. ABŞ ýurduň eksportynyň 50%-ini düzýän garaköli önümçiliginiň üstünden gözegçiligi ýola goýupdyr.

♦ **Loýa Jirga** – Owganystanda ýaşaýan ähli halklaryň, taýpalaryň we toparlanyşyklaryň öňbaşçylarynyň girýän Ýokary geňeşi.

♦ **Muhammet Zahyr şa: – Gurhanyň hiç ýerinde Alla ylmy-tehniki öwrülişige garşy diýlip ýazylmandyr. Onda näme üçin onuň garşysyna göreşmeli?!**

♦ **«Adamzat asyrynyň bellibir çägi bar hem bolsa, ony iki ýol bilen uzaldyp bolar: taryhy öwrenmek we syýahat etmek. Taryhy öwrenmek dünýäniň ýaradylyşyny kabul etmekligi giňeldýär, syýahatlar bolsa dünýägaraýşyňy giňeldýär.**
*Mahmud Tarziniň 1914-nji ýylda neşir edilen «29 günde üç kontinentiň üstünden syýahat» atly kitabynyň sözbaşysyndan.*

## §3. Eýran iki Jahan urşunyň aralygynda

**Birinji Jahan urşundan soň Eýranda syýasy ýagdaý.** Öň belleýşimiz ýaly, birinji Jahan urşuna çenli Eýran Russiýanyň we Beýik Britaniýanyň syýasy täsirindedi. Oktýabr rewolýusiýasyndan soňra Russiýa Eýrandaky ähli eýeçiliklerinden we artykmaç hukuklaryndan ýüz öwürýär. 1918-nji ýylyň martynda Russiýa öz goşunlaryny ol ýerden çykarýar. Indi Eýranda diňe Beýik Britaniýanyň goşunlary saklanyp galypdy. Netijede, Birinji Jahan urşundan soň Eýran diňe Beýik Britaniýanyň täsirinde galypdy.

1918–1922-nji ýyllarda Eýranda syýasy tolgunyşyklar güýçlenipdir. Horasanda we Eýranyň Demirgazyk-Günbatar sebitlerinde ýaragly gozgalaňlar bolan bolsa, Gilýanda, Kürdüstanda, Parsda, Kermanda we ýurduň başga-da birnäçe welaýatlarynda halk çykyşlary başlanýar. *Gajarlar nesilşalygy* ol hereketleri basyp ýatyrardan ejizdi. Bu bolsa dolandyryjy toparlaryň arasynda gajarlara garşy toparlanyşygyň döremegine getiripdir. Iňlisler hem Eýrana täsirini güýçlendirmek isläpdirler. 1918-nji ýylyň başynda Angliýa Eýranyň demirgazyk-günbataryna general *Densterwiliň* goşun bölümini iberýär. Ol Reşti, soňra Baku bilen Tbilisini hem-de tutuşlygyna Zakawkazýäni eýelemelidi. Eýranyň demirgazyk-gündogaryna ýollanan general *Mallesonyň* otrýadynyň wezipesine Hazaryň ruslara degişli ýakasyny

eýelemek girýärdi. Daşary ýurtlaryň hojaýynçylygynyň güýçlenmegi gajarlara garşy hereketi has-da artdyrypdyr.

1919-njy ýylyň 9-njy awgustynda *Wosug-ed-Döwläniň* hökümeti mejlis bilen ylalaşmazdan, iňlisler bilen täze şertnama baglaşýar. Oňa laýyklykda, Eýranyň goşuny, maliýe ulgamy, ýol gurluşygy, daşarky söwdasy we jemgyýetçilik-ykdysady durmuşynyň beýleki ugurlary iňlis maslahatçylarynyň garamagyna berilmelidi. Iňlisler derrew ony durmuşa geçirmäge başlapdyrlar. Iňlis-eýran gümrük ylalaşygy iňlisleriň bähbidinedi. Iňlisleriň Eýran gallasyny daşamagy ýurtda açlyga getiripdir. Eger-de, 1919-njy ýylda baglaşylan iňlis-eýran şertnamasy güýje giren bolsady, onda ýurt Beýik Britaniýanyň doly koloniýasyna öwrüljekdi. Muňa garşy Töwrizde, Gilýanda milli azat edijilik hereketi güýçlendi. Töwriz gozgalaňyna azerbaýjan *Muhammet Hiýabani,* Gilýan gozgalaňyna *Mirza Küçek han, Ehsanolla han, Halu Gurban* ýolbaşçylyk edipdir. Halkyň we Eýranyň dolandyryjy toparynyň köpüsiniň ylalaşygyň şertlerinden närazylygy 1919-njy ýylyň şertnamasynyň güýje girizilmezligine getirdi.

20-nji ýyllardan başlap Eýrandaky kazak harby bölüminiň polkownigi *Reza hanyň* täsiri güýçlenip başlapdyr. Seýit Ziýaeddin Tabatabaýiniň ýolbaşçylygynda Reza hanyň harby güýçleriniň gatnaşmagynda 1921-nji ýylyň 21-nji fewralynda hökümet agdarylyşygy guraldy (Eýran kalendary boýunça 1299-njy ýylyň *3-nji hut öwrülişigi*). Bu agdarylyşygyň anyk maksatnamasy Londonda taýýarlanylypdy. Agdarylyşyk netijesinde Wosug-ed-Döwläniň hökümeti iş başyndan aýrylyp, täze hökümet düzüldi. Seýit Zyýaeddin Tabatabaýynyň ýolbaşçylygyndaky bu hökümet «*gara hökümet*» adyny aldy. Reza han harby ministr wezipesini eýeledi.

1921-nji ýylyň maýynda «gara hökümet» iş başyndan gitmeli boldy. Hökümete *Ahmet Kawam-es-Saltane* baştutanlyk edip başlady. Bu hökümetleriň ikisi hem iňlislere garşy syýasat ýöretdi. Iňlisler tarapyndan döredilen *günorta pars atyjylarynyň korpusy* ýatyryldy, iňlis harby we maliýe maslahatçylary ýurtdan çykaryldy. 1921-nji ýylyň tomsunda polkownik *Muhammet Tagy hanyň* baştutanlygynda Horasanda, 1922-nji ýylyň başynda serkerde *Lahutiniň* ýolbaşçylygynda hökümete garşy gozgalaňlar boldy. Gozgalaňçylar ýurduň milli garaşsyzlygynyň pugtalandyrylmagyny, demokratik özgertmeleriň geçirilmegini talap edýärdiler. Emma olar basylyp ýatyryldy. Sowet Russiýasynyň talap etmegi bilen 1921-nji ýylyň baharynda iňlisler Eýranyň çäginden öz goşunlaryny çykarmaga mejbur boldular.

Şeýlelikde, iňlisleriň Eýrany doly öz tabynlygyna düşürmek meýilnamasy başa barmady. Ol indi Eýrany öz koloniýasy Hindistany «sowet howpundan» goramak üçin bufer döwlet hökmünde ulanyp başlady. Emele gelen ýagdaýdan peýdalanan ABŞ Eýranda işjeňligini artdyrypdyr. 1921-nji ýylda Kawamyň hökümeti «*Standard Oil*» amerikan nebit kompaniýasyna Eýranyň demirgazygyndaky bäş welaýatda nebit ýataklaryny peýdalanmaga konsessiýa beripdir. 1923-nji ýylda «*Sinkler*» atly beýleki bir amerikan kompaniýasy hem şol hukuga eýe bolýar. Emma bu

konsessiýalar SSSR-iň nägileligi we iňlisleriň garşy durmasy boýunça ýatyrylypdyr. 1922-nji ýylda Kawamyň çakylygy boýunça Eýrana *Artur Milsponyň* baştutanlygynda amerikan maliýe maslahatçylary gelýär. Olar döwletiň maliýe ulgamyna, döwlet girdejilerine we çykdajylaryna, salgyt ýygnalyşyna, döwlet býujetiniň düzülmegine, gazna gözegçilik etmegi öz ellerine alypdyrlar.

1924-nji ýylda sowet-eýran söwda şertnamasyna gol çekilýär. Ol iki tarap üçin hem amatly söwda alyş-çalşygyny göz öňünde tutýardy. Eýranda SSSR-iň söwda wekilhanasy açylypdyr. *«Şark», «Rusperssahar», «Pershlopok», «Persazneft»* garyşyk sowet-eýran jemgyýetleri, sowet-eýran söwdasyny höweslendirmek üçin *Ruspersbank* döredilipdir.

Iňlisler tarapyndan goldanylýan Reza hany Ahmet şa 1923-nji ýylda hökümetiň ýolbaşçysy wezipesine bellemäge mejbur bolupdyr. Ol şu döwürden başlap, Gajarlar nesilşalygyny ýykmaga taýýarlanyp ugrapdyr.

**Gajarlar nesilşalygynyň häkimiýetden çetleşdirilmegi.** Eýranda Gajarlar neberesiniň hökümdarlygy gowşapdyr. Ol özüniň iň soňky demini sanaýardy. Oňa garşy halk hereketleri, welaýatlaryň merkezi häkimiýete boýun egmezligi güýçlenipdi. Eýranda ýaşaýan dürli halklar özbaşdaklyga ymtylyp başlapdy. *Osman ahunyň* ýolbaşçylygynda türkmenler özbaşdaklyk ugrunda herekete başlap, *Türkmensähra respublikasyny* jar etdiler. Emma ol uzak dowam etmedi. Milletçilik ösüp, ýurda dargamak howpy abanypdy.

1923-nji ýylda mejlise geçirilen saýlawlarda goşunyň we polisiýanyň basyşy astynda Reza hanyň tarapdarlarynyň köpüsi parlamente saýlanypdyr. Respublikanyň tarapdarlary edil Türkiýedäki ýaly gurluşy girizmegi talap edip başlapdylar. Gajarlaryň abraýyny pese gaçyrmak üçin, Reza han ilki-ilki respublikaçylaryň talaplaryna garşy hem bolmandyr. Ol Türkiýedäki Kemal Atatürk ýaly prezident bolmak pikirindedi. Emma täsiri güýçli bolan ýerli dolandyryjylar we monarhiýanyň saklanyp galmagyny isleýänler respublikan gurluşa garşydy.

Şeýle şertlerde Eýranyň geljekki ykbaly barada maslahatlaşmak, olaryň pikirini bilmek we olardan goldaw almak üçin, Reza han ýurtdaky syýasy güýçleriň ýolbaşçylary bilen duşuşyklar gurady. Syýasy ýolbaşçylar Reza hany goldajakdygyny aýtdylar. Soňra Reza han Kum şäherinde dini öňbaşçylar bilen duşuşyk geçiripdir. Olar hem ony goldajakdyklaryny aýdypdyrlar. Ol Kumdan gaýdyp gelip, 1924-nji ýylyň mart aýynda halka çagyryş bilen ýüzlenýär. Onda Reza han özüniň respublika gurluşyny goldamaýandygyny jar edýär.

1925-nji ýylyň fewralynda Reza han mejlisde çykyş edýär. Onda gajarlar bilen hyzmatdaşlygyň mümkin däldigini, ýurtda ýagdaýy kadalaşdyrmakda olaryň ejizdigini aýdýar. Şol gezek ol mejlisiň öňünde ähli goşun güýçleriniň Baş serkerdebaşysy wezipesini, polisiýanyň başlygynyň hukuklarynyň özüne berilmegini talap edýär. Goşun bölümleriniň serkerdeleri hem Reza hany goldaýarlar. Mejlis onuň talaplaryny berjaý edýär. Şundan soň Reza hanyň täsiri has artypdyr.

1925-nji ýylda ýurduň mejlisine täze saýlawlar geçirilipdir. Deputatlaryň esasy bölegini Reza hanyň döreden «Tajjeddod» partiýasynyň agzalary düzüpdir. Şeýle düzümdäki mejlis 1925-nji ýylyň 31-nji oktýabrynda Gajarlar neberesiniň agdarylandygyny (ol nesilşalygyň soňky hökümdary Ahmet şady), häkimiýetiň wagtlaýyn Reza hana berlendigini yglan edýär. 12-nji dekabrda bolsa mejlis *Reza han Pehlewini* ýurduň şasy diýip jar edýär. Şeýdibem, Eýrany 1925–1979-njy ýyllarda dolandyran *Pehlewiler nesilşalygy* häkimiýete gelýär.



***Reza şa Pehlewi*** *(1878–1944) – Pehlewiler neberesiniň ilkinji hökümdary (1925–1941). Pars kazak brigadasynda ýönekeý esgerlikden general çinine çenli harby gullugy geçýär. 1916-njy ýyldan başlap, kazak brigadasyna serkerdelik edýär. 1921-nji ýylda ýurtda harby agdarylyşygy gurnaýar. Iňlisleriň Eýranyň üstünden protektorat düzgünini ýola goýmagyna garşy durýar. 1923-nji ýylda premýer-ministr bellenilýär. Gajarlar neberesini tagtdan agdarýar hem-de 1925-nji ýylyň 12--nji dekabrynda Eýranyň şasy diýlip yglan edilýär. 1941-nji ýylda Eýrana sowet-iňlis goşunlarynyň girizilmegi netijesinde oglunyň peýdasyna tagtdan el çekýär. Mawrikiý adasyna sürgün edilýär. Ýohannesburgda aradan çykýar.*

**20–30-njy ýyllardaky özgertmeler.** 20–30-njy ýyllarda Eýranda birnäçe durmuş-ykdysady özgertmeler geçirildi. Döwletiň hasabyna täze senagat kärhanalary, demir ýollar guruldy. Ýurduň paýtagtyny dürli welaýatlar bilen baglanyşdyrýan gara ýollaryň 20 *müň* kilometre golaýy çekildi. Ýerleriň aglaba bölegi iri mülkdarlaryň elinde galdy. Reza şanyň özi iri ýer eýesi bolup, 30-njy ýyllaryň ahyrynda ol 2 *müň* sany obanyň eýesidi. Öz ýagdaýlarynyň gowulandyrylmagyny talap edip, 1926-njy ýylda Gilýanda, 1928-nji ýylda Bulujystanda, 1929-njy ýylda Horasanda we beýleki ýerlerde daýhan tolgunyşyklary bolup geçdi. Olar hökümet tarapyndan gazaply basylyp ýatyryldy. 1928-nji ýylda Eýranyň milli banky döredildi. Jenaýat kodeksi (1927), raýat kodeksi (1929), ýer mülklerini hasaba almak hakda kanun (1928), daýhan hereketlerine garşy kanun (1931), döwlet ýerlerini satmak hakynda kanun (1934) kabul edildi. Eýranda kem-kemden fabrik-zawod önümçiligi kemala gelip başlady.

1929–1933-nji ýyllaryň dünýä ykdysady çökgünligi Eýrana agyr zarba urdy. Daşary ýurt harytlarynyň köp getirilmegi ýerli senagatçylary we hünärmentleri tozdurdy. 30-njy ýyllarda magaryfy we medeniýeti ösdürmek babatda birnäçe özgertmeler geçirildi: dünýewi mekdepler açylyp, hökmany başlangyç bilim hakynda kanun kabul edildi. Orta mekdepler, ýokary okuw jaýlary (şol sanda 1934-nji ýylda Tähran uniwersiteti) açyldy. 1935-nji ýylda çadrany hökmany aýyrmak hakda kanun kabul edildi. Hormatly titullar (unwanlar) ýatyryldy. Ýewropa eşigine, familiýalara geçildi. 30-njy ýyllaryň ortasynda ruhanylara öz wagyzlarynda hökümetiň syýasatyny tankytlamak, umuman, dindarlara syýasata goşulmak gadagan edildi.

**Eýranyň daşary syýasaty.** 1921-nji ýylyň 26-njy fewralynda Moskwada sowet-eýran şertnamasyna gol çekildi. Ol Sowet hökümetiniň öň patyşa Russiýasynyň

Eýran bilen baglaşan deňhukuksyz şertnamalaryndan ýüz öwürýändigini tassyklady. Sowet Russiýasy Eýrana rus hasap-karz bankyny, patyşa hökümeti tarapyndan ol ýerde gurlan gara we demir ýollary, telegraf we telefon liniýalaryny, Enzeli portuny, Urmiýe kölündäki parohodçylygy we beýleki rus kärhanalaryny muzdsuz berdi. Şertnama laýyklykda, Eýranda mundan beýläk daşary ýurtlaryň goşuny saklanyp galmaly däldi. Emma sowet tarapy Eýranda Russiýa howp salýan hakyky harby howp döräp, onuň öňüni almaga eýran hökümetiniň güýjüniň ýetmedik halatynda, onuň çägine goşun salmak hukugyny özünde galdyrýandygy baradaky 6-njy maddanyň şertnama girizilmegini gazandy. Hut şu ýagdaý 1941-nji ýylda faşistik howp dörände ulanylypdy.

Eýran Beýik Britaniýanyň ykdysady täsirini gowşatmak üçin SSSR, Germaniýa ýaly döwletler bilen gatnaşyklary ýola goýdy. 1927-nji ýylda Eýran SSSR bilen kepilnama we bitaraplyk hakynda şertnama baglaşdy. 1928-nji ýylda *kapitulýasiýa düzgüni* ýatyryldy. 1931-nji ýylda daşary söwdanyň üstünden döwlet gözegçiligi dikeldildi.

1909-njy ýylda iňlis-eýran bilelikdäki nebit kompaniýasy döredilipdi. Ol *eksterritorial hukuga* eýedi hem-de eýran nebitinden gelýän girdejiniň ujypsyz bölegini eýran hökümetine geçirýärdi. 1931-nji ýylda kompaniýa girdejileriň azalandygyny bahana edip, Eýrana pul geçirmegini bes etdi. Bu Reza şanyň hökümeti bilen kompaniýanyň arasynda krizisiň döremegine getirdi. Reza şa konsessiýanyň ýatyrylýandygyny aýdyp, Eýranyň paýynyň 40%-e çenli ýokarlandyrylmagyny we kompaniýanyň kärhanalarynyň gözegçiliginiň Eýrana berilmegini talap etdi. Ýöne iňlisler Milletler Ligasynyň üsti bilen Eýranyň nebitinden gelýän girdejini öňküsi ýaly galdyrmagy başardy. 1933-nji ýylda hökümet agzalan kompaniýa bilen täze şertnama baglaşdy. Eýrana tölegi sähel artdyrmak şerti bilen kompaniýa konsessiýanyň möhletini 1993-nji ýyla çenli uzaltmagy başardy.

1937-nji ýylda Eýran Sadabat pakty boýunça Türkiýe, Yrak, Owganystan bilen serhet we territorial jedellerini düzgünleşdirdi. 1938-nji ýylda Eýran SSSR bilen söwda şertnamasyny baglaşmakdan ýüz öwürdi. Eýranyň daşary söwda dolanyşygynda 40%-e golaý paýy bolan SSSR bilen söwda gatnaşyklary doly diýen ýaly kesilipdir.

Ikinji Jahan urşunyň öňüsyrasynda Eýran Germaniýa bilen ýakynlaşyp başlaýar. Urşuň öňüsyrasynda Eýranyň daşary söwdasynyň 40–45%-i Germaniýanyň paýyna düşýärdi. Nemesler Eýrana demir ýol we senagat enjamlaryny, ýarag getirýärdiler. Aerodromlary gurýardylar, harby zawodlary gözegçilikde saklaýardylar. Ikinji Jahan urşunyň başlanmagy bilen, Eýran bitaraplygyny yglan edenem bolsa, Reza şanyň ýardamy bilen ýurt faşistleriň daýanç nokadyna öwrülipdir. Müňlerçe nemes içalylary Eýranda SSSR-e garşy wagyz-nesihat hem ýykgynçylykly işleri alyp barypdyrlar. Gitlerçiler Eýrandan öz aerodromlaryny bermegi talap etdiler. Eýrany urşa çekmek başartmadyk halatynda, olar bu ýerde döwlet agdarylyşygyny geçirmäge taýýarlyk görüp başladylar.

♦ **Sadabat** – Eýran şasynyň Tährandaky tomusky kabulhanasy.

♦ **Mürze Kuçek han** – Sowet Russiýasynyň ýardamy bilen demirgazyk-günbatar Eýranda döredilen Gilýan Sowet Respublikasynyň baştutany. Emma Eýranda kommunistik gurluşy zor bilen ornaşdyrmak synanyşygy şowsuz tamamlandy.

♦ **Persiýa** – 1935-nji ýyla çenli Eýranyň resmi ady.

♦ Reza şa ýurtda demir ýol gurluşygyna üns berip, munuň üçin öz hususy serişdelerini hem gaýgyrmandyr.

♦ **Pehlewi** – parfiýan dilinden terjime edilende **«batyr», «asylly»** diýen manyny berýär.

## §4. Hindistanyň halklarynyň milli azat edijilik hereketi

**Birinji Jahan urşunyň Hindistana täsiri.** Hindistan öňküsi ýaly, Beýik Britaniýa garaşly, kolonial ýurt bolmagynda galýardy. Birinji Jahan urşy döwri Hindistanyň birnäçe ýerlerinde açlyk, keselçilik başlandy.

Uruş döwründe Hindistana Beýik Britaniýadan senagat harytlarynyň getirilmeginiň üzül-kesil azalmagy ýerli milli senagatyň ösmegine getiripdi. Hindistanly senagat eýeleriniň we işçileriniň sany artypdy. Ýerli, milli senagat eýeleri özbaşdaklyk ugrunda göreşi güýçlendiripdirler. Uruş mahaly hindistanly esgerler Beýik Britaniýanyň tarapynda durup, dünýäniň dürli sebitlerindäki uruş hereketlerine gatnaşyp, dünýädäki wakalardan habarly bolup geldiler. Uruşdan soňra olar özbaşdaklyk ugrunda göreşip başladylar.

**Milli azat edijilik hereketiniň ýokary göterilmegi.** 1919-njy ýylda iňlis hökümeti tarapyndan Hindistany dolandyrmak hakynda kanun kabul edilýär. Kanun boýunça Hindistanyň halkynyň ýokary gatlagynyň saýlaw hukugy giňeldilýär, dolandyryşda birnäçe özgertmeler geçirilýär. Bu kanun boýunça halkyň ujypsyz bölegi (2%) saýlaw hukugyny alýar. Kanun boýunça ýerli dolandyryş edaralaryna induslardan hem musulmanlardan çekmek bellenýär. Kanun hindi–musulman garşylygyny güýçlendirmäge we ýurduň halklarynyň agzyny alardyp, höküm sürmäge hem gönükdirilipdi. Kanun boýunça musulmanlar ýerli dolandyryş edaralaryna saýlanmakda artykmaç hukukly edilipdi. Kanun boýunça polisiýanyň hukuklary giňeldilýär. 1919-njy ýylda Hindistanda hökümete garşy iş hakynda *Roulettiň kanuny* kabul edilýär. Ol wise-korolyň hukuklaryny giňeldipdir, iňlislere garşy çykyşlary tutaşdyryjylar kazyýetsiz-soragsyz tussag edilip bilinýärdi.

Hindistanda *Motilal Neru, Mahatma Gandi, Subhas Çandro Bos, Jawaharlal Neru* ýaly onlarça indus watançylaryň ýolbaşçylygynda milli azat edijilik hereketi barha ýokary göterilýär. Kanun musulmanlaryň isleglerini hem doly kanagatlandyrmandyr. Olar hem *Muhammet Aly Jinnanyň* baştutanlygynda göreşi dowam etdirip-

dirler. Emma bu döwrüň azat edijilik hereketiniň hemmeler tarapyndan ykrar edilen milli lideri M. Gandi bolupdyr.

**M.Gandi we onuň göreş ýoly.** Iki Jahan urşunyň aralygynda hindi halkynyň milli azat edijilik hereketiniň esasy ýolbaşçysy *Mahatma Gandidi.*



***Gandi Mohandas Karamçand** (1869–1948). Mahatma Gandi Beýik Britaniýada ýokary ýuridiki bilim alyp, 1893–1914-nji ýyllarda Günorta Afrikada Hindi söwda firmasynda işleýär. Ol Watanyna gaýdyp gelenden soňra, güýç ulanmazdan, parahatçylyk ýoly bilen iňlis hojaýynlaryny Hindistandan gitmäge mejbur etmegiň ýollaryny işläp düzdi. M. Gandi dünýäde beýik ynsanperwer şahsyýetleriň biri hökmünde taryha girdi. Halkyň arasynda ol «Mahatma» – «Beýik rehimdar» diýen ada mynasyp bolupdyr. Dünýäde beýik ynsanperwer şahsyýetleriň biri M.Gandi 1948-nji ýylda hindi milletçisi Nathuram Godse tarapyndan atylyp öldürildi.*

Mahatma Gandi 1915-nji ýylda Günorta Afrikadan ýurduna gaýdyp gelipdir. Ol gelen dessine Hindi milli kongresinde watançy güýçleri köpeltmek, partiýany halk partiýasyna öwürmek üçin köp zähmet çekipdir. Netijede, Kongres tizlikde köpçülikleýin partiýa öwrülipdir. Partiýanyň tarapdarlarynyň sanynyň artmagynda M. Gandiniň şahsy abraýynyň halkyň arasynda ýokary bolmagy, onuň ynsanperwer hasiýetli bolmagy uly täsir edipdir. Gandi «hindileriň ählisi agzybirlikde iňlislere boýun egmegini bes etse, olaryň harytlaryny satyn almakdan, mekdeplerinde okamakdan, hödürlän wezipelerinden ýüz öwürse, salgyt tölemekden boýun gaçyrsa, onda olar Hindistany mejbury ýagdaýda taşlap giderler» diýip düşündiripdir. Şu wagyzlarynyň esasynda raýatlaryň iňlislere boýun egmezlik çäreleriniň toplumyny işläp düzüpdir.

Gandi rewolýusiýanyň, gan dökmekligiň tarapdary bolmandyr. Ol ähli dawaly meseleleriň parahatçylykly çözgüdini tapmagy ündäpdir. Hindiler öz däp-dessurlary, dini ynançlary boýunça parahatçylyk söýüji halk bolanlygy sebäpli, Gandiniň güýç ulanmazdan, iňlislere garşy göreş taglymatyny köpçülikleýin goldaýardylar. Gandiniň iňlislere boýun egmezlik, olar bilen hyzmatdaşlyk etmezlik baradaky çykyşlaryny – bir söz bilen aýdanyňda satýagrahasyny halk goldapdyr. *Satýagraha* adalgasyny dürlüçe düşündirýärler. Şonuň üçin biz ony M. Gandiniň *«Meniň durmuşym»* atly kitabyndaky göreşiň näme üçin şeýle atlandyrylandygy baradaky düşündirişini getirmegi makul bildik. M. Gandi şol kitabynda «Biz öz göreşimizi nähili atlandyrjagymyzy bilmän heläk bolýardyk. Men näçe urunsam-da, jüpüne düşäýjek at tapyp bilmedim. Şondan soň men «Indian opinionyň» okyjylarynyň arasynda bu meselede bäsleşik yglan etdim» diýip ýazypdyr. Okyjylaryň biri *satagraha* (*sat – hakykat, agraha – berklik*) diýip atlandyrmagy teklip edip, bäsleşigiň ýeňijisi bolandygyny we sylaglanandygyny ýazýar. Gandi agzalan kitabynda *sa-*

*tagraha* sözüni biraz üýtgedip, *satýagraha* diýip alandygyny ýazypdyr. Şeýlelikde, satýagraha *berk hakykata daýanmak* manysyndadyr.

Gandi hindi-musulman birligine aýratyn ähmiýet beripdir. Çünki iňlisleriň özlerine bakna ähli ýurtlarda «agzyny alart-da, höküm sür» ýörelgesini alyp barýandygyna ol gowy düşünipdir. Gandi Musulman Ligasynyň baştutany Muhammet Aly Jinna (bu partiýa 1906-njy ýylda döredilýär) we Hindistandaky Halyfatçylyk hereketiniň ýolbaşçylary Muhammet we Şöwket Aly dagylar bilen bilelikde iňlislere garşy göreşde birleşmek barada ylalaşypdyr.

**Raýatlaryň birinji boýun egmezlik hereketi (1919–1922).** Gandiniň çagyryşlaryny goldap, 1919-njy ýylda Hindistanda boýun egmezlik hereketi başlanýar. Ähli iri şäherleriň halky daşary ýurtly hojaýynlaryň kärhanalarynda iş taşlaýyşlar gurap, söwda dükanlaryny ýapyp, iňlisler bilen gatnaşyklaryny bes edipdir we köçelere çykypdyr. Iňlisler hindistanly watançylaryň gözüni gorkuzmaga synanyşyp, güýç ulanypdyrlar. 1919-njy ýylyň 13-nji aprelinde Penjap welaýatynyň merkezi şäheri Amritsarda 20 *müň* adamly parahatçylykly ýöriş oka tutulypdyr. Bu gabahatçylygyň netijesinde 1 *müňden* gowrak adam öldürilip, 2 *müňüsi* ýaralanypdyr.



*Amritsar gyrgynçylygy. E.Teniniň çeken suraty. 1920 ý.*

Amritsardaky ganly wakalar iri şäherlerde gozgalaňlaryň başlanmagyna getirdi. M.Gandi parahatçylykly hereketiň beýle gandöküşikli öwrüm almagyna garaşmaýardy. Ol göreşiň gan döküşikli görnüşini togtatmak üçin, Penjaba gelipdir we watandaşlaryny köşeşdirmegi başarypdyr.

1920-nji ýylyň 1-nji awgustynda iňlislere boýun egmezlik hereketiniň täzeden başlanýandygy jar edildi. Hereketiň guramaçylykly häsiýeti iňlisleri gorkuzypdyr. Bu gezek herekete HMK we Musulman Ligasy bilelikde ýolbaşçylyk edipdirler.

1922-nji ýylyň 4-nji fewralynda *Çauri-Çaura* diýen obada polisiýa *iki müň* çemesi adamly köçe ýygnanyşygyny oka tutýar. Muňa jogap edip, oba adamlary

polisiýanyň jaýyny otlap, 22 sany poliseýi ýakyp öldüripdirler. Ýene-de gandöküşikligiň güýçlenmeginden gorkup, M. Gandi iňlislere boýun egmezlik hereketiniň bes edilýändigini jar edýär.

Bu döwürde HMK-da göreşiň has berk usullaryny, gerek bolsa ýaragly gozgalaňa geçmegi talap edýän topar döräpdir. Bu topara Jawaharlal Neru we Subhas Çahdro Boss dagylar ýolbaşçylyk edipdirler. Bu topar Hindistana goranyş we daşary syýasat meselelerinden beýleki meselelerde özbaşdaklyk berilmegini, ýagny *dominion*[1] hukugyny talap edip başlapdyrlar. Ýagdaýy öwrenmek üçin iňlisler 1928-nji ýylda *Saýmonyň* ýolbaşçylygynda komissiýa düzüp, Hindistana ugradypdyrlar. Saýmon we onuň topary Hindistanyň geljekki döwlet gurluşy meselelerini işläp taýýarlap başlapdyr. Emma bu komissiýa bilen HMK hem, Musulman Ligasy hem gepleşikler geçirmekden, onuň bilen hyzmatdaşlyk etmekden ýüz öwrüpdirler. Netijede, komissiýanyň işi netijesiz tamamlanypdyr.

1928-nji ýylda Motilal Neru Kongrese Hindistana dominion hukugynyň berilmegini göz öňünde tutýan geljekki konstitusiýanyň taslamasyny hödürläpdir. Emma iňlisler bu taslamany kabul etmändirler. HMK-nyň J.Neru we S.Ç.Boss tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän toparynyň abraýy artyp başlapdyr. Olar 1929-njy ýylda HMK-nyň nobatdaky gurultaýynyň çagyrylmagyny gazanypdyrlar. Lahorda geçen bu gurultaýyň başlyklygyna J. Neru saýlanypdyr. Bu ýagdaý J. Nerunyň abraýynyň barha artýandygyny görkezýän ýene bir ýagdaýdyr. J. Nerunyň baştutanlygynda geçen gurultaýda raýatlaryň ikinji boýun egmezlik hereketini başlamak we ol herekete M. Gandini baştutan saýlamak barada karar kabul edilipdir.

Şondan soňra 30-njy ýyllaryň başyna çenli milli azat edijilik hereketinde guramaçylykly uly bir göreş bolmandyr.

**Raýatlaryň ikinji boýun egmezlik hereketi (1930–1931).** Beýik Britaniýadaky ykdysady çökgünlik zerarly bakna Hindistanyň ezilişiniň güýçlendirilmegi milli azat edijilik hereketiniň möwjemegine getiripdir. 20-nji ýyllaryň ahyrlaryndan başlap, Jawaharlal Nerunyň ýolbaşçylygyndaky çepçi topar kolonizatorlara garşy has aýgytly göreşmegi, ýaragly gozgalaňa başlamagy ündäp başlaýar. Emma hindi halkynyň edim-gylymyna has ýakyny Gandiniň öňe sürýän parahatçylykly göreş ýoly bolupdy. Şonuň üçin halk Gandiniň göreşde güýç ulanmazlyk taglymatyny baýdak edinipdir.

1930-njy ýylyň martynda M.Gandi iňlis hökümetlerinden syýasy tussaglaryň boşadylmagyny hem-de milli ykdysadyýetiň kadaly ösmegini üpjün etjek şertleri döretmegi talap edýän «11 punktuny» çap etdiripdir. Wise-korolyň ony ýerine ýetirmekden ýüz öwürmegi raýatlaryň ikinji boýun egmezlik hereketiniň başlanmagyna bahana bolupdyr. 1930-njy ýylyň aprelinde Gandi raýatlaryň iňlislere boýun egmezlik hereketiniň başlanýandygyny jar etdi. Bu gezek hem, 20-nji ýyllardaky ýaly, iňlis harytlaryny satyn almakdan ýüz öwrüpdirler, iňlisleriň hödürleýän wezipelerinden, kanun çykaryjy ýygnaga gatnaşmakdan boýun gaçyrypdyrlar.

[1] «dominion» iňlis dilinden terjime edilende «mülk» diýmegi aňladýar.



*Hindistanda duzly ýörişe gatnaşyjylaryň hatyrasyna gurlan ýadygärlik*

Iňlisleriň öndüren duzlaryny satyn almakdan ýüz öwrüp, M.Gandiniň ýolbaşçylygyndaky 10 müňlerçe hindi watançylary duz öndürmek üçin herekete başlaýarlar. Bu waka taryha «*duzly ýöriş*» ady bilen girdi. Hindistanyň birnäçe şäherlerinde boýun egmezlik hereketi ösüp, ýaragly gozgalaňa geçip başlapdyr. Halk has köpçülikleýin häsiýetde herekete gatnaşypdyr. Bu zatlardan gorkan iňlis hökümeti Hindi milli kongresini kanuny däl diýip jar edipdir. Hindistandaky iňlis dolandyryjylary hereketi dessine basyp ýatyrmak üçin, M.Gandini, J.Neruny we başga-da 60 *müň* watançylary tussag edipdirler. HMK-nyň azatlykda galan ýolbaşçylary birnäçe şäherlerde gozgalaňlar gurapdyrlar.

30-njy ýyllaryň başyndan başlap, Muhammet Aly Jinnanyň ýolbaşçylygyndaky Musulman Ligasy bilen Gandiniň ýolbaşçylygyndaky HMK-nyň arasynda garşylyklar başlanypdyr.

**Muhammet Ykbal we musulman döwletini döretmek baradaky pikir.** 1930--njy ýylda penjaply şahyr we filosof, görnükli jemgyýetçilik işgäri *Muhammet Ykbal* musulmanlaryň köpçülikleýin ýaşaýan ýerlerinde (Penjap, Demirgazyk Günbatar serhetýaka welaýatlar, Bulujystan, Sind) musulman awtonom döwletini döretmek baradaky pikirini öňe sürýär. Bu döwürde Hindistanyň ilatynyň dörtden biri musulmanlardy. Şonuň üçin hindi musulman agzalalygyny güýçlendirip, iňlisler ýurdy öňküsi ýaly baknalykda saklamaga umyt baglaýardy. Iňlisler bu baý ülkäni meýletin taşlap gidibermek pikirinden daşdady.

U.Çerçill aýtmyşlaýyn, «*britan täjiniň iň gowy almazyndan*» – Hindistandan mahrum bolmazlyk üçin, iňlis hojaýynlary türmede oturan M.Gandini tussaglykdan boşadyp, onuň bilen gepleşikler geçiripdirler. M.Gandi bilen Hindistanyň wise-koroly *Irwiniň* arasyndaky ylalaşyk baglaşylyp, ol boýunça Gandi boýun egmezlik



Muhammet Ykbal

hereketiniň bes edilýändigini jar edýär. Irwin hem öz gezeginde Hindistanyň özygtyýarlylyk meselesini Londonda bilelikde ara alyp maslahatlaşmaga söz berýär. Gandiniň talaby boýunça tussaglykda saklanýan watançylar azat edilipdir.

Gandi we Irwiniň arasyndaky ylalaşyga görä, 1931-nji ýylyň sentýabrynda Londonda iňlis-hindi gepleşikleri geçirilýär. Gepleşiklerde Gandi Hindistana öz-özüňi dolandyrmak we dominion hukugynyň berilmegini talap edýär hem-de «*Hindistanyň raýatlarynyň esasy hukuklary we borçlary*» atly kanunyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşmaga hödürleýär. Taslamada demokratik azatlyklaryň girizilmegi, dini we kasta deňhukuklylygynyň ykrar edilmegi, iş hakynyň iň pes möçberini anyk kesgitlemegi, ýere kärende töleginiň, salgyt tölegleriniň azaldylmagy ýaly meseleler bardy. Taslamada Hindistany dini ynançlary boýunça dolandyryş taýdan täzeden üýtgetmek teklip edilýärdi. Bu meseläniň goýulmagy indus-musulman dini garşylyklarynyň güýçlenendigini görkezýärdi. Hindistanyň wekilleriniň dini dawalary maslahatyň netijesiz gutarmagyna getiripdir. Hindistanyň özygtyýarlylygy hakyndaky esasy mesele asla ara alyp maslahatlaşylmandyr. Londondaky gepleşikler şowsuz tamamlanansoň, Gandi köpçülikleýin däl-de, indiwidual görnüşde iňlisler bilen hyzmatdaşlyk etmezlige çagyrypdyr. 1932-nji ýylda ol «eldegrilmesizler» kastasyna hem raýat hukuklarynyň berilmegi ugrunda çykyş edip ugrapdyr.

Bakna Hindistan 1929–1933-nji ýyllardaky dünýä ykdysady çökgünliginiň agyr labyryny gerdeninde çekmeli boldy. Oba hojalyk harytlarynyň bahasy aşa peselipdi, ekin meýdanlary azalypdy, ýersiz galan daýhanlaryň sany artypdyr. Angliýa hindi maýasynyň üstünden gözegçiligini ýola goýmak üçin, 1935-nji ýylda Hindistanyň ätiýaçlyk bankyny döredipdirler. Bu bank hut hindileriň öz maýasyny ulanmak bilen hindi senagaty üçin karz bermän, milli senagatyň ösmegini bökdäpdir.

**Hindistan Ikinji Jahan urşunyň öňüsyrasynda.** 1935-nji ýylyň awgustynda iňlis parlamenti Hindistany dolandyrmak hakynda täze kanun kabul etdi. Bu kanunyň kabul edilmegi-de bakna Hindistanyň halklarynyň milli azat edijilik göreşiniň netijesidi. Iňlisler ýene-de eglişikler edip, azatlyk hereketini köşeşdirmek isläpdi.

1935-nji ýylda kabul edilen kanuna görä, Hindistanyň dolandyrylmagyna üýtgeşmeler girizildi. Maslahat beriji hukukly kanun çykaryjy ýygnaklary döretdiler. Raýatlaryň saýlaw hukugy giňeldildi, indi ilatyň ses bermäge ýaşy ýetenleriniň 12%-i saýlaw hukugyny aldylar. Emma Hindistany dolandyrmak öňküsi ýaly iňlis hojaýynlarynyň elinde saklanýardy. Şonuň üçin, bu kanun «*gulçulyk konstitusiýasy*» adyny aldy.

Hindi milli kongresinde J.Nerunyň, S.Ç.Bossuň baştutanlygynda çepçi ganatyň täsiri artdy. 1936-njy ýylda J.Neru Hindi milli kongresiniň prezidentligine saý-


*Çaudhuri Rahmat Aly*

lanýar. Ol iňlisler tarapyndan hödürlenen 1935-nji ýylyň konstitusiýasyny berk tankytlapdyr.

Ikinji Jahan urşunyň öňüsyrasynda milli azat edijilik hereketiniň guramaçylykly häsiýetde ösmegine agzalalyklar päsgel berdi. Musulman Ligasynyň ýolbaşçysy Muhammet Aly Jinna aýratyn musulman döwletiniň döredilmeginiň zerurlygy barada çykyş edip başlady. Penjaply talyp *Çaudhuri Rahmat Aly (1897–1951)* 1933-nji ýylda geljekki dörediljek döwleti «*Pakistan*» diýip atlandyrmagy teklip etdi. Onuň pikiriçe, bu söz bir tarapdan «*arassalaryň, päk musulmanlaryň watany*» diýen manyny berýär. Ikinji tarapdan, arap ýazuwynda *Pakistan* görnüşinde ýazylýan bu at geljekde dörediljek ýurdy emele getirjek welaýatlaryň atlarynyň baş harplaryndan durýar: *P* – **P**enjap, *a* – **A**fganiýa, *k* – **K**aşmir, *s* – **S**ind, *tan* – Bulujys**tan** diýen adyň soňky bogny.

Muhammet Aly Jinna Musulman Ligasynyň edil Hindi milli kongresi ýaly görülmegini we öz partiýasy bilen deň derejeli gepleşikler geçirilmegini talap edipdir. Kongres bilen gatnaşyk etmegiň tarapdarlaryny partiýadan çykarypdyr. Eger-de öň hem HMK-nyň, hem Musulman Ligasynyň agzasy bolmaga rugsat berlen bolsa, indi ýa-ha diňe Liganyň agzasy bolmalydy ýa-da partiýadan çykmalydy. Garaz, M.A.Jinna Ikinji Jahan urşunyň öňüsyrasynda Hindistanda musulmanlaryň döwletini döretmek barada aýgytly herekete geçipdir. Bu meselede ony iňlisler goldapdyrlar. 1938-nji ýylda M.A.Jinnanyň özi Karaçide bir maslahatda ilkinji gezek musulman döwletini döretmek barada pikiri resmi orta atypdyr.

Umuman, iki Jahan urşunyň aralygynda Hindistan özbaşdaklyk gazanyp bilmedi. Türkiýe, Owganystan we käbir başga döwletlerde bolşy ýaly, Hindistanda garaşsyzlyk üçin uly ýaragly gozgalaňlar-da bolmady. Beýle gozgalaňlaryň bolmazlygyna Gandi we onuň güýç ulanmazlyk syýasaty sebäp bolupdy. Iňlisler hem Hindistan babatda inçeden öwrümli syýasat ýöredip, ýurdy öz ellerinde saklamagy başarypdylar.

1939-njy ýylda Ikinji Jahan urşunyň başlanmagy bilen bakna Hindistan Beýik Britaniýa tarapyndan Germaniýa garşy uruşýan ýurt diýlip jar edildi.

♦ **Satýagraha** – Hindistanda boýun egmezlik hereketi.

♦ **Swaraj** – Hindistanyň öz-özüni dolandyrmagy ugrundaky hereket.

♦ Iňlis-bur urşy döwründe Gandi lukmançylyk kömegi otrýadyna baştutanlyk edip, ýaralylara kömek bermekdäki batyrgaýlygy üçin altyn medala mynasyp bolupdyr.

♦ 2007-nji ýylda BMG Mahatma Gandiniň doglan gününi zorluk etmezligiň halkara güni diýip yglan etdi.

♦ Mahatma Gandi Adolf Gitlere Ikinji jahan urşuny tutaşdyrmakdan el çekmegi teklip edip, iki sany hat ýazypdyr.

**♦ Mahatma Gandiniň pähimlerinden:**

**♦ Dünýä baky gelen ýaly duýgy bilen okamagy, öwrenmegi dowam et.**

**♦ Maksadyňy belle, ony amala aşyrmagyň serişdesi tapylar.**

**♦ Pikiriňiz, sözüňiz we işiňiz gabat gelse, şol uly bagtdyr.**

**♦ Wyždan meselesinde, köplenç, kanunyň känbir täsir güýji ýokdur.**

**♦ Garşydaşyň bilen çaknyşanyňda, ony söýgi bilen ýeň.**

**♦ Bagyşlamak – güýçlülere mahsus häsiýet. Gowşak adamlar hiç mahal bagyşlap bilýän däldirler.**

**Resminamalar we goşmaça maglumatlar:**

**Rahmat Aly – «Häzir, ýogsam hiç haçan»**

Hindistan häzirki wagtdaky düzüminde bir ýurduň, bir halkyň bitewi ady däldir. Ýok, ol dünýäde ilkinji gezek britanlar tarapyndan döredilen döwletiň adydyr. Ol Hindistanyň bütin taryhynyň dowamynda hiç wagt onuň düzümine girmedik, britanlaryň gelmegine çenli asyrlaryň dowamynda bar bolan, hususy we aýratyn milletleri saklan halklary özüne birleşdirýär.

**Çeşme:** *Рахмат Али. «Сейчас или никогда»//ru.wikipedia.org.*

## § 5. Hytaý 1918–1939-njy ýyllarda

**Birinji Jahan urşunyň Hytaýa täsiri.** Birinji Jahan urşunyň dowamynda Russiýada rewolýusiýanyň ýeňmegi, bolşewikleriň hökümetiniň Hytaýyň boýnuna dakylan deňhukuksyz şertnamalardan («*boksçularyň protokollary*») el çekmegi Hytaýda milli azat edijilik hereketine öz täsirini ýetirdi. Birinji Jahan urşuna Hytaý iş ýüzünde gatnaşmandy. Diňe tylda işlemek üçin adam iberdi diýmeseň, başga tarapdan Antanta Hytaýdan kömek almandy.

Ýuan Şikaý ýogalansoň, Hytaýda merkezi häkimiýet ýok diýen ýalydy. Hytaý harby adamlar tarapyndan dolandyrylýardy. Harbylar, esasan, iki toparlanyşyk bolup, olaryň biri Demirgazyk hytaý toparlanyşygydy. Beýýan atlandyrylan bu toparlanyşygyň merkezi Pekin bolup, olar ikinji güýçli toparlanyşyk bolan Günorta garşy göreşýärdiler. Günorta toparlanyşygy Sun Ýatseni häkimiýete getiripdi. Emma Sun Ýatsen näçe demokrat bolsa-da, harbylara bagly bolany üçin demokratik çäreleri geçirip bilmeýärdi. Harbylar Sun Ýatseniň hukuklaryny has-da çäklendirmek üçin 7 adamdan ybarat bolan ýolbaşçy organ döredipdiler. Indi Sun Ýatsen hem şol ýediniň biriniň derejesinde bolup galypdy. Sun Ýatsen özüne hukuk berilmeýändigini hasaba alyp, 1918-nji ýylyň 20-nji maýynda wezipesinden ýüz öwrüp, Guançžou şäherinden Şanhaýa gaýdypdyr. Şol ýerde ol «*Döwlet gurmagyň maksatnamalary*»



6. Sargyt № 3172

meşhur işini ýazyp tamamlapdyr. Bu kitabynda «*ýurduň öňünde durýan ilkinji mesele ýurdy birleşdirmek*» diýip kesgitläpdir. Çünki bu döwürde, ýokarda belleýşimiz ýaly, Hytaý böleklere bölünipdi. Belli bir merkez ýokdy.

**1919-njy ýylyň 4-nji maý hereketi.** Pariž parahatçylyk maslahatynda Hytaýyň wekilleri Şanduny hak eýesine – Hytaýa bermegi talap etdiler. Sözleri diňlenmedik hytaý wekilleri gahar edip, Wersal şertnamasyna gol çekmändiler. Hytaýyň Şandun welaýatyny Ýaponiýa bermek hakynda Pariž maslahatynyň karary ýurtda köpçülikleýin halk çykyşlarynyň başlanmagyna getirdi.

Parižde Şandun meselesiniň Ýaponiýanyň peýdasyna çözülmegine närazylyk bildirip, 1919-njy ýylyň 4-nji maýynda talyp ýaşlar, işçiler Pekiniň köçelerine çykdylar. Hytaýyň 60 şäherinde işçileriň syýasy iş taşlaýyşlary başlandy. Bu hereket ýurduň köp ýerini gurşap alypdyr we taryha «*1919-njy ýylyň 4-nji maý hereketi*» ady bilen giripdir. «*Hytaýyň çägini basyp alyp bolar, emma ony boýun egdirip bolmaz. Hytaý halkyny ýok edip bolar, emma ony boýun egdirip bolmaz! Watan howp astynda! Watandaşlar, aýaga galyň!», «21 talaby ýatyralyň!», «Döwlet özygtyýarlygyny goralyň*!» hereketiň esasy şygarlary bolupdyr. Şu hereketiň täsiri bilen Hytaýda kommunistik partiýa döredi. Şol wagt Şanhaýda bolan Sun Ýatsen öz tarapdarlary bilen «4-nji maý hereketini» guramaga gatnaşmasa-da, ony goldapdyr.

1920-nji ýylda Sun Ýatsen yzyna Guançžou şäherine barypdyr. Tolgunyşyklardan gorkan harbylar oňa garşy gitmäge çekinipdirler. Sun Ýatseni öňki wezipesine – Günortada döredilen Hytaý Respublikasynyň prezidentligine saýlapdyrlar. Emma tolgunyşyklar kiparlansoň, harbylar ony agdarypdyrlar. Sun Ýatsen ýene-de Şanhaýa gaýdypdyr.

Hytaýdaky tolgunyşyklar netijesinde Waşington maslahatynda Şandun Hytaýa yzyna gaýtarylyp berlipdir. Şeýlelikde, 1919-njy ýylyň 4-nji maý hereketi ýurduň taryhynda uly ähmiýetli waka bolupdyr. Ýokarda belleýşimiz ýaly, bu hereket demokratlaryň güýçlenmegine, Şandun meselesiniň Hytaýyň peýdasyna çözülmegine, kommunistik partiýanyň döremegine täsir edipdir.

**20-nji ýyllarda Hytaýda syýasy ýagdaý.** XX asyryň 20-nji ýyllarynda Hytaý öňküsi ýaly ýarym koloniýa ýurtlugyna galypdy. Ýurtda syýasy dartgynlylyk dowam edýärdi. Ýurt dagynykdy. Belli bir hökümdar ýokdy. Her bir welaýatyň ýolbaşçysy bütin Hytaýyň hökümdary bolmak üçin göreşýärdi. Hökümdarlaryň özara dawalary, ýaraglanyşygy haýdatmaklary halkyň durmuş ýagdaýyny barha agyrlaşdyrýardy. Olaryň özara dawalary daşary ýurt talaňçylaryna Hytaýy talamaga mümkinçilik döredýärdi.

Ýerli hökümdarlaryň hersi bir daşary döwletiň kömegine bil baglap, «şol ýurduň adamy» bolan bolup, olardan ýardama garaşýardy. Beýik Britaniýa, Fransiýa, ABŞ we Ýaponiýa ýaly döwletleriň hersi bir welaýatyň hökümdaryny goldap, Hytaýy şol «öz adamlarynyň» ýolbaşçylygynda bir bütewi döwlete birleşdirmegi gazanjak bolýardylar. Olar «öz adamlaryny» ýaraglandyrýardylar. Soňra bu dawa SSSR hem goşuldy. Özara uruşlar adaty ýagdaýa öwrülipdi. Durmuş kynçylyklaryndan we daşary ýurt hojaýynlarynyň sütemlerinden ejir çekýän halk ýene-de rewolýusion göreşe baş göterip başlady.

**Rewolýusiýa taýýarlyk.** Hytaý halkynyň rewolýusion göreşine Sun Ýatseniň ýolbaşçylygyndaky Gomindan (Milli partiýa) we Çen Dusýunyň baştutanlygyndaky kommunistik partiýa ýolbaşçylyk etdiler. Bu iki partiýanyň ikisiniň-de esasy maksady daşary ýurt agalygyny ýok etmekdi. Şu meselede partiýalaryň garaýyşlarynyň meňzeşligi olaryň ýakynlaşmagyna getirdi. 1923-nji ýylda kommunistik partiýa bileleşip göreşmegi Gomindana teklip edýär. Gomindan birleşmäge garşy bolmandyr. Iki tarapyň-da birleşmäge bolan islegi we Moskwanyň täsiri bilen 1924-nji ýylda olar bütewi fronta birleşýärler.

Bir bütewi frontuň emele gelmegi rewolýusiýa taýýarlyk işleriniň esasylarynyň biridi. Täze şertlerde Sun Ýatseniň «*Halkylygyň üç ýörelgesine*» täzeçe çemeleşilip başlandy. «*Millilik*» indi Hytaýda daşary ýurt agalygyny ýok etmegi we ýurtdaky ähli halklaryň deňligini, «*demokratizm*» halka giň hukuklary we azatlyklary bagyş edýän döwlet gurluşyny döretmek, «*halk abadançylygy*» ýere mätäçlik çekýän daýhanlara ýerleri paýlamak diýlip düşündirilýärdi. Gomindan SSSR bilen ýaranlyk, kompartiýa bilen ýaranlyk, Hytaýyň işçileriniň we daýhanlarynyň göreşini goldamak ýaly täze üç sany syýasy ýörelgäni hem öňe sürýär.

Hytaýda rewolýusion hereketler, köplenç, ýurduň günortasyndan başlanýardy (*Sinhaý rewolýusiýasyny ýatlaň*!). Ýigriminji ýyllarda hem ýurduň günortasy has rewolýusion sebit bolmagyny saklaýardy. Üstesine-de, Sun Ýatsen Şanhaýdan Guançžou şäherine gaýdyp gelip, 1923-nji ýylda Hytaý Respublikasynyň prezidentligine saýlanypdyr. Onuň hökümeti tiz wagtda rewolýusion hereketiň merkezine öwrülip, goňşy welaýatlara täsirini ýetirip ugrapdy. Sun Ýatseniň hökümetini Hytaýyň beýleki hökümdarlary-da, daşary döwletler-de ykrar etmändirler. Emma Sinhaý rewolýusiýasy döwründe rewolýusiýanyň serdary hökmünde özüni tanadan, demokratik meýilli Sun Ýatseniň halk arasyndaky abraýy barha artýardy. SSSR-iň ýolbaşçylary-da Sun Ýatseni goldap, onuň ýolbaşçylygynda Hytaýyň birleşdirilmegini isleýärdiler.

Sun Ýatsen berk düzgün-tertipli goşun bolmasa, rewolýusiýanyň ýeňip üstün çykmajakdygyna göz ýetiripdi. Ol marksizmi we synpy göreşi ykrar etmese-de, SSSR-iň güýçli döwlet mehanizmi, jebis rewolýusion partiýa, rewolýusion goşuna daýanmak babatdaky tejribesine daýanmak isläpdir. Ol harby kömek soramak uçin general Çan Kaýşiniň ýolbaşçylygyndaky wekilçiligi Moskwa ýollaýar. Gepleşikleriň netijesinde SSSR birnäçe harby maslahatçylary (W.K.Blýuher, M.M.Borodin, P.A.Pawlow) Hytaýa ugradýar.

SSSR-iň maddy kömegi we harby maslahatçylarynyň ýardamy bilen 1924-nji ýylyň başynda Huanpu (Wampu) adasynda harby mekdep açylýar. Bu harby mekdep Günorta Hytaý respublikasy üçin, has takygy geljekki başlanjak rewolýusiýa ýolbaşçylyk etjek harby serkerdeleri taýýarlap başlapdyr. Mekdebiň ýolbaşçylygyna *Çan Kaýşi* bellenýär. Çan Kaýşi şol wagt özüni Sun Ýatseniň şägirdi hökmünde alyp baryp, onuň ynamyna girmegi başarypdyr. Huanpu harby mekdebiniň açylmagy rewolýusiýa taýýarlykda ýene bir öňegidişlik bolupdy.



***Çan Kaýşi*** *(1887–1975). Onuň hakyky ady Szýan Çžunçžendir. Ol 1887-nji ýylda garyp daýhan maşgalasynda doguläýar. 1907-nji ýylda Ýaponiýa gidip, şol ýerde harby mekdebe okuwa girýär. Mekdebi tamamlap, ýapon goşunynda gulluk edýär. Şol ýerde Sun Ýatseniň rewolýusion taglymaty bilen tanyşýar. Sinhaý rewolýusiýasyna gatnaşyp, Şanhaýyň rewolýusion goşunynda polka serkerdelik edýär. Rewolýusiýa ýeňlenden soň, ýene-de Ýaponiýa gidip, okuwyny dowam edýär. 1912-nji ýylda, ýagny partiýanyň dörän ýyly Gomindanyň hataryna girýär. Ýuan Şikaýa garşy göreşde işjeňlik görkezýär. 1923-nji ýylda Sun Ýatsen ony Günorta Hytaýdan Moskwa iberilen wekilçilige ýolbaşçy belleýär. Moskwada Sun Ýatseniň adyndan gepleşikler geçirýär. Moskwadan gaýdyp gelensoň, ony Sun Ýatsen 1924-nji ýylda Huanpu (Wampu) harby mekdebine ýolbaşçy belleýär.*

**1925–1927-nji ýyllaryň rewolýusiýasy.** Sun Ýatseniň hökümetiniň abraýynyň artmagy Demirgazyk Hytaýdaky hökümdarlaryň käbiriniň watançylyk meýillerini oýarypdyr. Olaryň biri, Pekiniň Çžili welaýatynyň harby ýolbaşçysy general Fen Ýuýsýan duýdansyz Pekini basyp alyp, Sun Ýatseni goldap başlapdyr. Ýurdy parahatçylykly birleşdirmek teklibini orta atypdyr. Ol öz goşunyny «Milli goşun» diýip jar edipdir. Pekinde ählihytaý maslahatyny geçirmek maksady bilen ýerli ýolbaşçylary, aýratyn-da, Sun Ýatseni çagyrypdyr. Ýygnakda Hytaýy birleşdirmegi we merkezi häkimiýet edaralaryny döretmegi ara alyp maslahatlaşmalydy. Sun Ýatseniň islegi-de şoldy. Ýöne ýygnaga gatnaşmak üçin Pekine gelende, ol agyr kesellidi. 1925-nji ýylyň 12-nji martynda Sun Ýatsen düwnük keselinden aradan çykypdyr.

Sun Ýatseniň ýogalmagy rewolýusiýanyň başlanmagynyň öňüni almandyr. 1925-nji ýylyň ýazynda iňlisler tarapyndan Hytaý talyplarynyň oka tutulmagy «*30-njy maý hereketiniň*» başlanmagyna getirýär. 1925-nji ýylyň 30-njy maýynda Şanhaýda jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň diýen ýaly gatnaşmagynda syýasy çykyşlar ýaýbaňlanýar. Milli azat edijilik rewolýusiýasy başlanýar. Onuň baş maksady ýurduň doly garaşsyzlygyny gazanmak we bir bitewi Hytaý döwletini döredip, feodal agalygyny ýok etmekdi. Rewolýusiýa demokratik, milli azat edijilik häsiýetlidi.

1925-nji ýylyň 1-nji iýulynda Guançžou hökümeti özüni Hytaýyň Milli hökümeti diýip jar edipdir. Ol Hytaýy ýaragly ýol bilen birleşdirmäge başlaýar. Sun Ýatsen aradan çykandan soň, Milli hökümete Çan Kaýşi ýolbaşçylyk edýärdi. Çan Kaýşi 1926-njy ýylyň iýulyna çenli Günorta Hytaýyň dört welaýatyny öz döwletiniň düzümine birleşdirmegi başarypdyr.

**Demirgazyga ýöriş.** 1926-njy ýylyň 9-njy iýulynda Çan Kaýşiniň ýolbaşçylygynda ýurduň demirgazygyna ýöriş başlanýar. Ol 1927-nji ýyla çenli dowam edýär. Demirgazyk ýörişini rus harby maslahatçylary taýýarlapdyrlar. Bu ýöriş Hytaýy milli taýdan birleşdirmegi tamamlamalydy.



*Demirgazyga ýöriş*

1926-njy ýylyň sentýabrynda rewolýusion goşun Ýanszy derýasyna baryp ýetýär. Uhan, Nankin, Şanhaý ýaly iri şäherleriň halky rewolýusion goşuny goldap, gozgalaň turzupdyr. Gozgalaňçylaryň kömegi bilen ol şäherler ýeňillik bilen rewolýusion goşun tarapyndan eýelenýär. Demirgazyga ýöriş döwründe Hytaýyň esasy bölegi rewolýusionerleriň eline geçipdir. Eger-de daşardan dünýäniň öňdebaryjy döwletleri Hytaýyň içki işlerine goşulmadyk bolsadylar, onda ýurt şol ýörişiň dowamynda doly birleşdiriljekdi. Emma ABŞ hem Beýik Britaniýa Demirgazyk ýörişiniň üstünliklerinden gorkupdyrlar. Olar eger SSSR-iň täsirindäki rewolýusion hökümet ýeňip, ýurdy birleşdirse, Hytaýda sowet täsiriniň güýçli boljagyny bilipdirler.

**Rewolýusiýanyň tamamlaýjy döwri.** Rewolýusiýa Hytaýda öz täsirini saklajak bolýan ABŞ-ny hem Beýik Britaniýany gorkuzypdyr. Olar 1927-nji ýylyň ýazynda 170-e golaý harby gämilerini Hytaýyň Ýanszy derýasyna getiripdirler. 1927-nji ýylyň 24-nji martynda derýa bilen gelip, Nankin şäherini oka tutupdyrlar. Munuň üstesine-de, şol ýylyň 11-nji aprelinde Nankin oka tutulandaky çykdajylaryň öwezini dolmagyny talap etdiler. Nankiniň oka tutulmagy we okuň bahasynyň talap edilmegi baradaky kemsidiji talapnama Çan Kaýşi bilen kommunistleriň arasynda dawanyň başlanmagyna getiripdir. Kommunistler daşary ýurt harby gämilerini ýok etmegi teklip edipdirler. Çan Kaýşi SSSR we kommunistler bilen ýaran bolmalymy ýa-da ABŞ we Beýik Britaniýa bilen ýakynlaşmalymy diýen meseläniň üstünde kelle döwüp, soňunda ABŞ we Beýik Britaniýa bilen gizlin gepleşikler geçirip başlapdyr.

Çan Kaýşi 1927-nji ýylyň aprelinde kommunistler bilen hyzmatdaşlygy bes edip, olaryň birnäçesini jezalandyrypdyr. Kommunistler onuň bu hereketini dönüklik hasap edip, Çan Kaýşä garşy göreşip başlaýarlar. Şeýlelikde, rewolýusionerleriň arasynda bölünişik bolup geçipdir.

Näme üçin rewolýusion goşun Demirgazyk ýörişden soň Çan Kaýşä berk gaýtawul bermändir? Onuň birnäçe sebäpleri bardy. Olaryň esasylary aşakdakylardan ybaratdy:

**Birinjiden,** Demirgazyk ýörişi döwründe rewolýusiýa, Sun Ýatseniň taglymatyna jany-teni bilen berlen rewolýusionerler ýörişiň öň hatarlarynda bolup söweşipdirler we olar köp ýitgi çekipdirler. Demirgazyga ýöriş döwri basylyp alnan ýerlerden birnäçe täze goşun bölümleri rewolýusion goşuna gelip goşulypdyrlar. Emma olar hakyky rewolýusionerlerem däldi, çünki Sun Ýatseniň taglymaty bilen kesellemediklerdi. Olar diňe ýeňiji goşunyň tarapyna geçenlerdi. Netijede, goşunyň hil düzümi üýtgäpdir.

**Ikinjiden,** Sun Ýatseniň biwagt aradan çykmagy hem rewolýusiýanyň peýdasyna bolmandy.

**Üçünjiden,** goşundaky serkerdeleriň esasy bölegi Huanpu harby mekdebiniň uçurymlarydy. Ýadyňyzda bolsa, bu mekdebiň baştutany bolsa öz döwründe Çan Kaýşidi. Diýmek, rewolýusion goşunyň serkerdeleri Çan Kaýşiniň tälim berenleridi. Şonuň üçin olar Çan Kaýşiniň diýeninden çykmandyrlar.

Bu ýagdaýlaryň ählisinden peýdalanyp, Çan Kaýşi häkimiýeti doly öz eline alyp, kommunistleri bolsa yzarlap, ýok edip başlapdyr. Ýurda indi diňe Gomindan partiýasy hojaýynlyk edip başlapdyr. Gomindan partiýasy Sun Ýatsen tarapyndan döredilen hem bolsa, indi ol Çan Kaýşiniň baştutanlygyndady.

1925–1927-nji ýyllaryň rewolýusiýasynyň netijeleri barada aýdylanda, olar aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Rewolýusiýa netijesinde Hytaý birleşdirildi;

2. Rewolýusiýadan öň ýurt harby toparlanyşyklar tarapyndan dolandyrylan bolsa, indi häkimiýet bir partiýanyň – Gomindanyň eline geçdi.

Çan Kaýşi 1927-nji ýylyň aprelinde döwletiň paýtagtyny Nankin şäherine geçiripdir we ýurdy dolandyryp başlapdyr. Çan Kaýşiniň ýolbaşçylygyndaky Gomindan partiýasy Hytaýy tä 1949-njy ýyla çenli dolandyrýar, Nankin şäheri bolsa 1927--nji ýyldan 1949-njy ýyla çenli ýurduň paýtagty bolýar.

Gomindan hökümeti ýurdy bazar gatnaşyklary ýoly bilen ösdürmek üçin özgertmeleri durmuşa geçirdi. Milli bank ulgamy döredilýär. Zähmet kanunçylygynyň esaslary girizilýär. Dünýä ykdysady çökgünligi ýyllarynda senagat pudaklary 6% ösüş gazanypdyr. Emma agrar özgertme şowsuz bolupdyr. Çan Kaýşiniň hökümeti daşary ýurt konsessiýalaryny ýatyrmaga çalşypdyr. 1928-nji ýylda ýurduň gümrük özbaşdaklygy dikeldilýär.


*HSR-iň baýdagynyň bir nusgasy*

**1927–1936-njy ýyllardaky raýatara uruş.** 1927--nji ýylyň 1-nji awgustynda kommunistleriň ýolbaşçylygynda, Nançan şäherinde, Demirgazyk ýörişine gatnaşan 30 *müň* esgeriň gatnaşmagynda Gomindanyň agalygyna garşy gozgalaň başlanýar (1-nji awgust – häzir HHR-de hytaý goşunynyň döräň güni hökmünde bellenilýär). Bu gozgalaň 1927–1936-njy ýyllaryň raýatara urşunyň hem başlangyjy boldy. Kommunistler oba ilatynyň durmuş

ýagdaýynyň erbetligini göz öňünde tutup, daýhanlary öz tarapyna çekmek ýörelgesini alyp barypdyrlar. Olar Gomindandan azat edilen obalarda *Sowetleri* döredipdirler. Sowetler halk häkimiýeti diýlip jar edilipdir. Obalarda Gomindandan azat edilen sowet etraplaryny döredipdirler. 1931-nji ýylyň noýabrynda Hytaýdaky Sowet obalarynyň wekilleriniň I gurultaýy bolup geçdi. Onda Sowet obalaryndan ybarat *Hytaý Sowet Respublikasynyň (HSR)* döredilýändigi jar edildi. *Mao Szedun* (1893–1976) HSR-iň başlygy wezipesine saýlandy. Emma bu hökümet dünýäniň hiç bir döwleti tarapyndan ykrar edilmändi. Ýurt ýene-de iki bölege bölündi.



*HSR-iň pul birligi*

**Kommunistlere garşy ýöriş.** Çan Kaýşi rus harby maslahatçylaryny ýurtdan çykmaga mejbur etdi. 1929-njy ýylda Hytaýyň SSSR bilen diplomatik gatnaşyklary kesildi. Çan Kaýşi ABŞ-a we Beýik Britaniýa arka direýärdi. Ol şolaryň kömegi bilen SSSR-den kömek alýan Hytaý kommunistleriniň Gyzyl Goşunyny, Sowet obalaryny derbi-dagyn etmek isleýärdi. *Sowet obalaryna* garşy otuzynjy ýyllaryň birinji ýarymynda Çan Kaýşi bäş gezek uly ýöriş gurapdyr. Birinji ýörişde 100 *müň*, ikinji ýörişde 200 *müň*, üçünjide 300 *müň*, dördünjide 500 *müň* esger Sowet obalaryna garşy sürlüpdir. Bu ýörişleriň dördüsinde-de Gomindan kommunistleri doly ýeňip bilmedi.

Raýatara urşunyň ýaýbaňlanýan döwri Ýaponiýa duýdansyz ýagdaýda Hytaýyň Mançžuriýa welaýatyna goşun girizipdir. Hiç hili söweşsiz diýen ýaly, 1931-nji ýylyň sentýabrynda Mançžuriýa Ýaponiýa tarapyndan eýelenipdir. Ýurduň esasy hojaýyny Çan Kaýşi Mançžuriýany gorajak hem bolmandyr. Ol diňe Milletler Ligasyna arz etmek bilen çäklenipdir. Ýaponiýanyň 1932-nji ýylda Şanhaýy eýelemek synanyşygy welin, şowsuz tamamlanypdyr. Ýaponiýa 1932-nji ýylyň martynda Mançžuriýada «*Mançžou-go*» (mançžur döwleti) atly oýnatgy döwleti döredip, onuň baştutanlygyna Sinhaý rewolýusiýasy döwründe tagtyndan agdarylan *Pu İni* belledi. Bu ýerde Ýaponiýa özüniň 150 *müň* adamly Kwantun goşunyny ýerleşdirdi. Hökümetde 3 *müňden* gowrak ýapon gullukçysynyň bolmagy bu döwletiň Ýaponiýanyň elindäki oýnatgydygyny subut edýär.



***Pu İ*** *(Aýsin Gýöro, 1906–1967). Ýewropalylar bilen gürleşeninde özüni şotland mugallymynyň beren ady bilen – Genri diýip tutupdyr. Mançžur neberesiniň onunjy wekili, Hytaýdaky Sin neberesiniň iň soňky imperatory (1908–1912). 1924-nji ýylda imperator derejesinden mahrum edilensoň, Týanszindäki ýapon konsessiýasynda Ýaponiýa sygyndy. 1932-nji ýyldan başlap, Mançžou-go döwletiniň imperatory, generalissimus, mançžur imperator goşunynyň belent serkerdebaşysy. 1945-nji ýylyň 19-njy awgustynda Mukdeniň eteginde sowet goşunlary tarapyndan ýesir alyndy. Habarowskiniň eteginde ýesirlikde saklandy. 1946-njy ýylyň awgustynda Tokio halkara tribunalynda şaýat hökmünde soraga çekildi. HHR-iň döredilmegi bilen I.W.Staline özüniň hytaý häkimiýetine berilmezligini haýyş edip hat ýazýar. Hatda türme kitaphanasynda Marksyň we Leni-*

*niň eserleri bilen tanyşmagynyň özüne düýpli täsir edendigini, dünýägaraýşyny üýtgedendigini boýun alypdyr. SSSR ony 1950-nji ýylda Hytaýa gaýtaryp berýär. 1959-njy ýyla çenli Fuşun şäherinde gaýtadan terbiýeleýiş lagerinde bolansoň, Mao Szedun onuň günäsini geçýär. 1964-nji ýylda hökümetiň agzalygyna kabul edilýär. «Imperatordan raýatlyga çenli» atly ýatlamalar kitabyny ýazýar.*

Çan Kaýşi kommunistleri we olaryň döreden Sowet obalaryny ýok etmek üçin bäşinji ýörişe has düýpli taýýarlyk gördi. Oňa ABŞ pul kömegini we harby uçarlary edinmekde ýardam berdi. Ýöriş german harby maslahatçylarynyň ýolbaşçylygynda taýýarlandy.

Çan Kaýşiniň bäşinji ýörişine 1 *mln* adamly goşun gatnaşypdyr. Gomindanyň bäşinji ýörişinde Gyzyl Goşun ýeňildi. Sowet obalary we Sowet respublikasy ýok edildi. Gyzyl Goşunyň az sanlysy 1934-nji ýylyň güýzünde ýurduň demirgazyk-günbataryna tarap gaçmaga mejbur bolýar. Bu Hytaýyň taryhynda kommunistleriň «beýik ýörişi» diýlip atlandyrylýar. Olar 11 welaýatyň üstünden geçip, 12 *müň* kilometrlik ýol söküp, 1935-nji ýylyň güýzünde Şensi, Gansu we Ninsýa welaýatlarynyň çatrygynda ornaşypdyrlar. Olar Ýanýan şäherini merkez edinýärler. Bäşinji ýöriş netijesinde Hytaýdaky sowetler hereketi basylyp ýatyryldy.

Mançžuriýany uruşsyz eýelän Ýaponiýa indi Hytaýyň beýleki sebitlerine-de ýörişe taýýarlyk görüp başlapdyr. Çan Kaýşi 30-njy ýyllaryň ortalaryndan başlap, Ýaponiýa garşy uruşda SSSR-den kömek almak maksady bilen, onuň bilen geplesikler geçirdi. Ýaponiýanyň güýçlenip, öz serhetlerine ýakyn bolan Demirgazyk Hytaýda berkleşmeginden howatyrlanýan SSSR ýaponlara garşy uruşda Hytaýa kömek bermäge razylaşypdyr. Ýöne SSSR raýatara urşunyň we kommunistleriň jezalandyrylmagynyň bes edilmegini Çan Kaýşiden talap etdi.

Öz goşun generallarynyň we SSSR-iň talaby boýunça Çan Kaýşi kommunistlere garşy urşy bes edýär. Kommunistler we Gomindan ýene-de bir fronta birleşmek barada 1937-nji ýylyň ýazynda ylalaşdylar. 1927–1937-nji ýyllaryň raýatara urşy netijesiz tamamlandy.




*Marko Polo köprüsiniň ýanyndaky Wanpin galasyndaky ýapon çozuşynyň hatyrasyna gurlan daş çelekler*

1937-nji ýylyň tomsunda Ýaponiýa Hytaýy doly basyp almak üçin urşa başlady. 7-nji iýulda Pekiniň golaýyndaky *Marko Polo* köprüsiniň golaýyndaky çaknyşyk bu urşuň başyny başlapdyr. 1937-nji ýylyň ahyrynda ýaponlar Şanhaýy we Gomindanyň paýtagty Nankini eýelediler. Soňra ýaponlar esasy urgyny Günorta Hytaýa we Uhana tarap öwürdiler.

1937–1945-nji ýyllarda Hytaý halky basybalyjylara garşy azat edijilik urşuny alyp bardy. 1937-nji ýylyň awgustynda SSSR Hytaý bilen birek-biregiň üstüne çozmazlyk barada şertnama gol çekdi. SSSR Hytaýa Ýaponiýa garşy göreşmek üçin uçarlary, tanklary, toplary, ýük awtoulaglaryny, benzin iberipdir. 1938–1939-njy ýyllarda SSSR Hytaýa ýarag satyn almak üçin 250 *mln* dollar ýeňillikli karz beripdir. Sowet uçarmanlary Hytaýa ýaponlara garşy kömek berdiler. 1940-njy ýylyň martynda Ýaponiýa Günorta Hytaýda hem *Wan Szinweýiň* baştutanlygynda özlerine ýapja hökümeti döretmegi başardylar.

Aşa milletçilikli garaýyşlary we partiýada agzybirligi saklap bilmändigi üçin raýatara urşy ýyllarynda Çan Kaýşiniň şahsy diktaturasyna garşy Gomindanda toparlanyşyklar döräpdir. 1930-njy ýylda Gomindanyň beýleki abraýly wekilleri Wan Szinweý, Fen Ýuýsýan, Ýan Sişan Pekinde oppozision hökümeti döredipdirler. Diňe ýapon çozuşy Gomindanyň wekillerini wagtlaýynça birleşmäge mejbur edipdir.

♦ **Duszýunat** – Birinji Jahan urşundan soň 1925–1927-nji ýyllaryň rewolýusiýasy tamamlanýança Hytaýda welaýatlarda harbylaryň häkimligi.

♦ 1928-nji ýylda Pekiniň («Demirgazyk paýtagt») ady **«Beýpin» («Demirgazyk asudalygy»)** diýlip üýtgedildi.

♦ **Nankin onýyllygy** – Hytaýy 1928–1937-nji ýyllarda Nankin hökümetiniň dolandyran döwri. Bu döwürde Hytaýa daşary ýurtlaryň 33 sany konsessiýasyndan 20-si yzyna gaýtaryldy. Konsullyk edaralarynyň köpüsi ýapyldy.

♦ Hytaý çeşmeleri Ýaponiýanyň çozuşy döwründe raýat we harby adamlaryň jemi 35 millionynyň ýogalandygyny habar berýär.

## § 6. Mongoliýa 1918–1939-njy ýyllarda

**Mongoliýanyň awtonomiýa hukugyny almagy.** XX asyryň başlarynda bütewi Mongoliýa ýokdy. Mongol ýerleri iki bölege bölünip, içki we daşky Mongoliýa diýip atlandyrylýardy. *Içki Mongoliýa* (Gobi çölüniň günortasyndaky ýerler) Hytaýyň düzümindäki ýer hasaplanýardy. *Daşky Mongoliýa* (Halha) Hytaýa soňrak, ýagny XVII asyryň ahyrlarynda birleşdirilipdi. Sinhaý rewolýusiýasy döwründe, 1911-nji ýylda daşky Mongoliýa Hytaýdan özbaşdaklygyny gazanypdy. Buddizmiň Mongoliýada ýaýran bir şahasy bolan lamaizm dininiň ýolbaşçysy *bogdo-gegen (hutuhta)* hasaplanýardy. 1911–1921-nji ýyllarda döwletiň resmi



*Bogdo-gegen VIII*



*Bogdo-han Mongoliýasynyň baýdagy*

ady *Bogdo-han Mongoliýasy* (mongolça – *Mongol ulsy*) diýlip atlandyryldy. 1911-nji ýylda bogdo-gegen wezipesinde bolan *Jebzun-Dambahutuhta* VIII dünýewi häkimiýeti hem eýeläpdir. Indi ol hem dini, hem dünýewi ýolbaşçydy. Şeýlelikde, Mongoliýa *teokratik* döwlete öwrülipdi. Aslynda, bu döwürde ýurtda dindarlaryň täsiri uludy. Erkek adamlaryň ýaryna golaýy buthanalarda (*dasanlarda*) monahdy.

1911-nji ýylyň tomsunda Mongoliýanyň ýokary dolandyryjylarynyň geňeşinde Hytaýdan bölünip aýrylmak karar edildi. Olar kömek sorap, rus imperatory Nikolaý II-ä hat iberipdirler. Emma Russiýa bilen 1913-nji ýylda gizlin ylalaşan Hytaý 1915-nji ýylda Mongoliýanyň özbaşdaklygyny ýok edip, ony ýene-de Hytaýyň düzümindäki aýratyn hukukly awtonom döwlete öwürdi. Emma bu awtonom özbaşdaklyk hem uzaga çekmändir. Russiýada rewolýusiýa ýeňenden soň, rus rewolýusiýasynyň täsiriniň Mongoliýa ýetmeginden heder edip, Hytaý ony täzeden doly eýelemäge girişipdir. Russiýa bilen serhetleri ýapypdyr.



*Içki Mongoliýa (gyzyl reňkde)*

**1921-nji ýylyň öwrülişigi. Suhe Bator.** 1918-nji ýylda Hytaý Mongoliýa goşun girizipdir. Mongol halky *Suhe Batoryň* ýolbaşçylygynda milli azat edijilik hereketine baş göterýär. Şeýle pursatda bolşewiklerden ýeňlip, Mongoliýa özüni atan baron *Robert Ungern* hytaýlylary kowup çykarmak işine başlapdyr. Bu hereketinde ony mongol halky hem goldapdyr. Ungern 1921-nji ýylda Mongoliýanyň merkezi bolan Urge şäherini eýeläpdir. Emma ýokarda aýdyşymyz ýaly, Ungern rus bolşewiklerinden gaçyp, ol ýere barypdy.



*Suhe Bator*

Sowet Russiýasy mongol watançylaryny goldan bolup, iş ýüzünde öz içerki dawalaryny Mongoliýada hem dowam etdirdiler. Baron Ungerni kowalap, sowet Russiýasy 1921-nji ýylda Mongoliýa goşun girizdi. Bolşewikleriň täsiri astynda 1921-nji ýylyň martynda *Mongoliýa halk partiýasy* döredildi. Mongoliýadan hytaý goşunlary çykaryldy. Mongoliýa özbaşdak döwlet diýlip jar edildi. 1921-nji ýylyň 11-nji iýulynda Urgeniň etegindäki söweşde Gyzyl Goşunyň goldamagy bilen mongol watançylary uly ýeňiş gazandylar. Şol gün halk rewolýusiýasynyň ýeňen güni diýlip yglan edildi. 1921-nji ýylyň oktýabrynda Suhe Batoryň baştutanlygynda täze mongol hökümetiniň wekiliýeti Moskwa barýar. 5-nji noýabrda Mongoliýanyň halk hökümeti bilen RSFSR-iň hökümetiniň arasynda dostlukly gatnaşyklary ýola goýmak hakda ylalaşyga gol çekilýär.



*Baron Ungern*

Mongoliýada dessine bogdo-gegeni ýok etmekden çekinipdirler. Çünki ýokarda aýdyşymyz ýaly, ony halk goldaýardy, oňa ynanýardy. Şonuň üçin Mongoliýada rewolýusiýany iki basgançakly ösdürmegi göz öňünde tutupdyrlar. 1921–1924-nji ýyllar rewolýusiýanyň birinji döwri diýip atlandyrylyp, bu arada, ilkinji nobatda, diniň täsirini gowşatmak barada işler alnyp barlypdyr. Bogdo-gegeniň hukuklary çäklendirilipdir. Halk hökümeti döredilip, ol ýurduň kapitalistik däl ösüş ýolundan ösdüriljekdigini jar edipdir. Döwlet dolandyryş guramalary hökmünde ýerlerde *halk hurallary* döredilipdir.

1923-nji ýylda 30 ýaşynda, näbelli sebäplere görä, Suhe Bator ýogalypdyr. Bu ýagdaý ýurtda düzgüni berkitmek üçin ulanylypdyr. Täze hökümetden närazy bolanlar we monarhiýanyň dikeldilmegini isleýänler bogdo-gegeniň töweregine toplanyp başlapdyrlar. Emma 1924-nji ýylda bogdo-gegen hem ýogalypdyr. Täze hökümet bogdo-gegen wezipesini ýatyrypdyr. Bu bolsa diniň we dindarlaryň täsiriniň ep-esli gowşamagyna getiripdir.

1924–1940-njy ýyllar rewolýusiýanyň ikinji döwri diýlip atlandyrylypdyr. Bu döwrüň baş wakasy 1924-nji ýylda *Mongoliýa Halk Respublikasynyň* döredilmegi-



*Çoýbalsan*

dir. Ol SSSR-iň yzyna eýeripdir. Ýurduň paýtagty *Urge* şäheri Russiýanyň Gyzyl Goşunynyň hormatyna *Ulan-Bator (Gyzyl batyrlaryň şäheri)* diýlip atlandyryldy.

1924-nji ýylda Mongoliýanyň *Beýik Huraly* işläp başlady. Ol ýurduň Konstitusiýasyny kabul edýär. Konstitusiýa boýunça ýurtda kapitalistik däl ösüş ýoly jar edilip, hususy eýeçilik gadagan edilipdir. Din döwletden aýrylypdyr. Buddizm däbine görä, Mongoliýada her maşgala bir ogluny monastyra berip, ony monah edip ýetişdirmelidi. Emma 30-njy ýyllarda bu däp bozuldy. Dini ojaklaryň (*lam*) 70%-i ýok edildi.

30-njy ýyllaryň ortalaryndan 1952-nji ýyla çenli *Horlogiýn Çoýbalsan* Mongoliýa baştutanlyk etdi. 30-njy ýyllarda ýurdy kolhozlara birleşdirmek başlanýar. Çarwa mongollaryň – *aratlaryň* kolhozlara birleşdirilmegi we mallary köpleriniň SSSR-däki ýaly baý-kulak diýlip jezalandyrylmagy, mallarynyň ellerinden zor bilen alynmagy ykdysady ösüşe ýaramaz täsir edipdir. Mallaryň baş sany azalypdyr. Garaz, 30-njy ýyllardaky Mongoliýanyň ösüşi SSSR-iň tejribesini gaýtalamak bolupdyr. Edil SSSR-däki ýaly köpçülikleýin jezalandyryş çäreleri geçirilipdir.




1936-njy ýylyň 12-nji martynda Mongoliýa bilen SSSR-iň arasynda harby ýaranlyk hakynda şertnama baglaşylypdyr. Onda, eger-de Ýaponiýa çozuş etse, SSSR Mongoliýany goramaga ylalaşypdyr. 1925-nji ýylda çykarylan sowet goşunlary şertnama laýyklykda ýene-de Mongoliýa girizilipdir.

1937-nji ýyldan *Çoýbalsanyň* baştutanlygynda köpçülikleýin jezalandyryş has güýçlendirilipdir. 70 *müň* dindar dürli bahanalar bilen jezalandyrylypdyr. Staline meňzejek bolup, Çoýbalsan goşuny ynamsyzlardan arassalamak bahanasy bilen,

harby adamlaryň köpüsini ýok etdiripdir. Goşunyň ýolbaşçylarynyň 80%-i jezalandyrylypdyr.

1939-njy ýylda Ýaponiýanyň Mongoliýany basyp almak üçin eden synanyşygynyň öňi alnypdyr. SSSR-iň goşunlarynyň kömegi bilen Mongoliýa maý–sentýabr aýlarynyň dowamynda Halhin-Gol derýasynyň boýunda ýaponlary ýeňlişe sezewar edipdir.

1940-njy ýylda partiýanyň nobatdaky gurultaýynda Çoýbalsan Mongoliýada geçiş döwrüniň tamamlanandygyny, ýurduň indi sosializm gurluşygyna girişýändigini jar edipdir.

Ikinji Jahan urşunyň başlanmagy bilen, Mongoliýa SSSR-iň ynamdar tylyna öwrülipdir. Uruş ýyllarynda Mongoliýadan maldarçylyk önümleri, atlar, harby gullukçylar üçin deriden we ýüňden ýasalan önümler iberilipdir. MHR-iň hasabyna Gyzyl Goşun üçin tank kolonnasy we awiasion eskadrilýa ýasalypdyr. Çan Kaýşi Mongoliýanyň awtonomiýasyny dikeltmäge synanyşypdyr. Mundan howatyrlanan MHR soýuz respublikasy hukugynda SSSR-iň düzümine girmek barada Moskwa ýüz tutupdyr. Emma Stalin bu talaby ret edipdir. Ol Mongoliýa babatda *status-kwonyň* saklanyp galmagynyň tarapdarydy, ýagny onuň garaşsyzlygyny diňe kagyz ýüzünde (*de-fakto*) ykrar etdi. Hut şu ideýa Ýalta maslahatynda hem ýaňlandy. Bu Hytaýda nägilelik meýillerini artdyrdy. Moskwada 1945-nji ýylyň tomsunda Stalin bilen Szýan Szingonyň duşuşygy boldy. Sowet-hytaý gepleşikleriniň netijesinde, 1945-nji ýylyň 14-nji awgustyndaky beýannama kabul edildi. Oňa laýyklykda, hytaý hökümeti, eger mongol halky plebissitiň netijesinde oňyn ses berse, Daşky Mongoliýanyň häzirki serhetlerinde özbaşdaklygyny ykrar etjekdigine söz berýär.

♦ Ýekaterinadan başlap, ähli rus patyşalaryny mongollar Buddanyň ruhunyň täzeden janlanan şahslary hasaplapdyrlar.

♦ **Baron Ungern** – Ýuwaş ummanyndan Hazar deňzine çenli aralykda Çingiz hanyň imperiýasyny gaýtadan dikeltmegiň tarapdary. Ungern fatalist we mistik bolupdyr, buddizmi kabul edipdir.

♦ **Hural** [mongol. *ýygnak*] – mongol we türki halklarda halk-wekilçilikli we kanun çykaryjy ýygnagy. Gurultaý. Buddizmiň mongol şahasynda ybadat etmeklige-de hural diýilýär.

♦ Ikinji Jahan urşundan soň tä SSSR dargaýança Mongoliýanyň çäginde 55 *müň* adamdan gowrak sowet goşunlarynyň kontingenti saklandy.

♦ Mongoliýa çäginiň ululygy boýunça dünýäde 18-nji ýerde, emma ilatynyň gürlügi boýunça 195-nji ýerde durýar. 2015-nji ýylda onuň 3 *mln* ilaty bardy.

♦ 1940-njy ýylda Selenga derýasynyň kenaryndaky Sagaan Ereg şäherçesi Suhe-Bator şäheri diýlip atlandyryldy.

## § 7. Ýaponiýa 1918–1939-njy ýyllarda

**Ýaponiýada «şaly topalaňlary».** Ýaponiýa Birinji Jahan urşundan utuşly ýagdaýda çykdy. Ýurt ykdysady taýdan galkyndy. Ýaponiýa özi üçin täze bazarlary özleşdirdi. Senagatda täze pudaklar döredi. Harby sargytlar artdy. Uzak Gündogardaky we Ýuwaş ummanyndaky söwda ýollary işjeň özleşdirildi. Daşary söwdanyň möçberi artdy.

1918-nji ýylda Ýaponiýada «*şaly topalaňlary*» ady bilen taryha giren daýhanlaryň gozgalaňlary bolup geçdi. Bu topalaňlar tüwiniň bahasynyň alyp-satarlar tarapyndan aşa gymmatladylmagy sebäpli başlanypdy. Oňa 10 *mln* gowrak adam gatnaşdy. Daýhanlaryň arasynda başlanan gozgalaňlar soňra şäherlere ýaýrapdyr. Gozgalaňlar Ýaponiýanyň iri şäherleri bolan Osaka, Kobe, Nagoýa, Tokio ýaly şäherlerinde-de bolup geçdi. Kýusýunyň magdan känlerinde, Misubisi konserniniň polat guýýan kärhanalarynda, gämi gurluşyk werflerinde hem topalaňlar boldy. Hökümet topalaňy gazap bilen basyp ýatyrdy. 8 *müňden* gowrak adam tussag edildi. Müňlerçe adam kazyýetsiz-soragsyz öldürildi. Şaly topalaňlary barada gazet-žurnallarda ýazmak gadagan edildi. Halkyň nägileligine garamazdan, umuman, ýurtda ykdysady ýokary göteriliş dowam etdi. 1914–1919-njy ýyllarda ýapon milli önümi 5 esse artdy.

Ýurduň syýasy durmuşy hakda aýdylanda, 1919-njy ýylda saýlawçylar üçin emläk çäklendirmesi azaldyldy. 1925-nji ýylda 25 ýaşa ýeten ähli erkek ilata saýlaw hukugy berildi. Ýurtda yzly-yzyna täze syýasy partiýalar (şol sanda 1922-nji ýylda kommunistik partiýa) döreýärdi.

**Waşington maslahaty.** ABŞ Ýaponiýanyň barha güýçlenýändiginden we onuň Uzak Gündogarda täsiriniň artýandygyndan howatyrlanypdyr. Ýaponiýa Birinji Jahan urşy döwründe Hytaýyň Şandun welaýatyny basyp alyp, ýene-de käbir sebitlere göz dikip başlapdyr. Gündogar Sibir, Demirgazyk Sahalin ýaly ýerlerini basyp almak üçin, Russiýanyň garşysyna guralan harby interwensiýa gatnaşypdyr. Hatda ýaponlara Demirgazyk Sahalinde 1925-nji ýyla çenli saklanyp galmak başartdy. ABŞ 1921–1922-nji ýyllarda Waşington maslahatynda Ýaponiýany gowşatmagy başarypdy. Bu maslahat we onda baglaşylan şertnamalar barada biz öň aýdypdyk.

Halkara derejesindäki şowsuzlyklaryň üstesine 1920–1921-nji ýyllaryň ykdysady çökgünligi hem Ýaponiýanyň ykdysadyýetine ýaramaz täsir edipdi. Bu zatlaryň ählisi ýurtda halk hereketleriniň güýçlenmegine getiripdir. Kärdeşler arkalaşyklary döräp, işçiler birleşip başlapdyrlar. Şeýle şertlerde 1923-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Tokioda onlarça müň adam pidasyna getiren güýçli ýer yranmasy bolupdyr. Ol ýurda 5,5 *mlrd* iýen möçberinde zyýan ýetirdi. Ýer yranmasy zerarly döräን aljyraňňylykdan peýdalanyp, ýapon hökümeti döwlete garşy gidýänlerden öç alypdyr.

**Ýaponiýada harbylaryň täsiriniň güýçlenmegi.** Ýaponiýada harbylaryň häkimiýete gelmeginde Hytaýdaky wakalar kesgitleýji orun eýeläpdi. Hytaýda 1927-

-nji ýylda Çan Kaýşä degişli bolan esgerler daşary ýurtlularyň diplomatik wekilçilikleriniň üstüne hüjüm edipdirler. Ýapon jemgyýetçiligi Çan Kaýşini we onuň düzgünini ýazgaryp çykyş etmegi öz hökümetinden talap edipdiler. Emma Wakasukiniň ýolbaşçylygyndaky ýapon hökümeti Çan Kaýşi bilen gatnaşyklary saklamagyň tarapdary bolandyklary üçin, onuň esgerleriniň bu hereketini ýazgaryp çykyş etmändi. Bu ýagdaý Wakasukiniň hökümetiniň abraýdan düşmegine we häkimiýetden gitmegine sebäp bolupdy. Häkimiýete 1927-nji ýylyň ýazynda general *Tanakanyň* baştutanlygyndaky harby hökümet geldi. Bu hökümet bolsa basybalyjylykly daşary syýasatyň tarapdarydy.

Tanakanyň hökümeti agressiw daşary syýasat ýöretmäge başlady. Onuň imperatora gowşuran «*Tanakanyň memorandumy*» adyny alan resminamasy Ýaponiýanyň ilki Hytaýyň käbir welaýatlaryny: Manççuriýany we Mongoliýany basyp almagyny göz öňünde tutýardy. Bu resminamada soňra Hytaýyň tutuş özüni basyp alyp, Hindistany, Günorta–Gündogar Aziýa ýurtlaryny eýeläp, soňundan SSSR-e çozmak göz öňünde tutulýardy. Memorandumda «*Dünýäni basyp almak üçin, ilki Hytaýy eýelemeli, Hytaýy basyp almak üçin bolsa, ilki Manççuriýany we Mongoliýany eýelemeli*» diýilýärdi. Resminamada ABŞ-ny hem dyza çökermek bellenýärdi. «Tanakanyň memorandumy» Ikinji Jahan urşy tamamlanýança Ýaponiýanyň daşary syýasatynyň esasyny düzdi.



*Tanaka Giiti*




*Ýaponiýanyň Manççuriýany eýelemegi*

Ýaponiýa duýdansyz ýagdaýda 1931-nji ýylyň sentýabrynda Hytaýyň Mançžuriýa welaýatyna goşun girizip, ony eýeledi. Bu ýerde «*Mançžou-go*» (mançžur döwleti) atly oýnatgy döwleti döretdi. Oňa döwlet ýolbaşçysy wezipesine Hytaýda Sinhaý rewolýusiýasy döwründe tagtyndan agdarylan *Pu İ* bellendi. Emma Pu İniň hökümeti Ýaponiýanyň golastyndady. Mançžuriýada hytaýlylar bilen birlikde koreýler hem ýapon agalygyna garşy partizançylyk urşuna başladylar. Mançžuriýany uruşsyz eýelän Ýaponiýa indi Hytaýyň beýleki sebitlerine-de ýörişe taýýarlyk görüp başlady. Içki Mongoliýany basyp aldy. Milletler Ligasy Ýaponiýanyň basybalyjylykly daşary syýasatyny ýazgarypdyr. Muňa jogap edip, Ýaponiýa 1933-nji ýylda Milletler Ligasyndan çykýandygyny jar etdi. Ýaponiýa 1935-nji ýylda SSSR-i Günorta Hytaý demir ýoluny Mançžou-go döwletine satmaga mejbur etdi.

**Dünýä ykdysady çökgünliginiň Ýaponiýa täsiri.** ABŞ-da başlanan dünýä ykdysady çökgünligi ýapon ykdysadyýetine agyr zarba urdy. Oba hojalygynyň ýüpekçilik pudagy has agyr zyýan çekdi. Bu pudakda daýhanlaryň ýarpysy zähmet çekýärdi. Ýapon eksportynyň üçden birine golaýyny düzýän ýüpege amerikan bazarynda isleg gaçdy. Eksport azalansoň, harytlaryň bahasy arzanlady. Önümçilik peseldi. Tutuş ýurt boýunça 3 *mln* adam işsiz galdy. Obalarda adalatsyz kärende ulgamyna garşy nägilelik hereketi güýçlendi. Taýwan, Koreýa ýaly Ýaponiýanyň koloniýalarynda oňa garşy hereketler başlandy. Ýurduň içinde köpçülikleýin jezalandyryş çäreleri güýçlendirildi.

1930-njy ýylda London konferensiýasynda kabul edilen «Deňiz kanunyna» laýyklykda, Ýaponiýa öz flotunyň tonnažyny Beýik Britaniýanyň we ABŞ-nyň kreýser flotunyň tonnažynyň 70%-ine çenli azaltmaga borçludy. Ykdysadyýeti üçin çig maly, esasan, daşyndan getirýän, kreýserleri deňiz serhetlerini goraýan esasy güýç bolan Ýaponiýa üçin bu karar güýçli urgy boldy. Şonuň üçin hem syýasy sahna çykan ýaş serkerdeleriň topary basybalyjylykly işjeň daşary syýasaty ýöretmegiň tarapdarydy. Ýaş serkerdeler täze dörän konsernleriň goldawyna daýandylar. Çünki öňden dowam edýän nusgawy konsernler hökümetiň goldawyna daýanyp, täze bäsdeşlerini bazardan gysyp çykarmakçydy. Garry generalitet bolsa ýaş serkerdeleriň gulluk basgançagynda öňe omzamagyna päsgel berýärdi. Şonuň üçin täze dörän konsernler bilen ýaş serkerdeleriň ýaranlygy Ýaponiýada basybalyjylykly daşary syýasat ýöredýän toparyň häkimiýete gelmegine getirdi. Olar imperatoryň häkimiýetini güýçlendirmegi, parlamentiň we partiýalaryň ýatyrylmagyny talap etdiler.

1936-njy ýylda häkimiýete gelen *Hirotonyň* hökümeti Gündogar Aziýada durnuklaşdyryjy güýje öwrülmegi üçin Ýaponiýany gaýtadan ýaraglandyrmaga gönükdirilen milli maksatnamany öňe sürdi. 1937-nji ýylda hökümete gelen *Fumimaro Konoe* ýurtda faşistik diktaturany ýola goýmaga gönükdirilen syýasat alyp bardy. 1935–1936-njy ýyllarda harby senagaty ösdürmegiň bäşýyllyk we ýarag ön-

dürmegiň altyýyllyk maksatnamasy işlenip düzüldi. Ýurtda ähli syýasy partiýalar dargadyldy. Onuň ýerine *Tagta ýardam bermegiň assosiasiýasy* döredildi.

1936-njy ýyldan başlap, sowet-ýapon gatnaşyklary ýaramazlaşdy. Sebäbi 1936-njy ýylyň noýabrynda Ýaponiýa Germaniýa bilen kommunizme garşy göreşmek üçin *Antikomintern paktyny* baglaşypdylar. Muňa jogap edip, SSSR Mongoliýa bilen birek-birege kömek bermek baradaky şertnama gol çekdi.

1937-nji ýylyň 7-nji iýulynda Ýaponiýa Hytaýy doly basyp almak üçin urşa başlady. 1938-nji ýylda Wladiwostogyň golaýynda *Hasan köli* sebitinde ýaponlar sowet ýerlerini basyp almak üçin serhetden geçipdirler. Emma olar sowet goşuny tarapyndan yza serpikdirildi. 1938-nji ýylda «*Milletiň ählumumy mobilizasiýasy hakda*» kanun kabul edilip, urşa taýýarlyk işleri güýçlendirildi.

1939-njy ýylyň 11-nji maýynda Mongoliýanyň *Halhin-Gol derýasynyň* sebitinde sowet-ýapon çaknyşygy başlandy. Tutuş tomus dowam eden bu çaknyşyk ýaponlaryň ýeňilmegi bilen tamamlandy. 1939-njy ýylyň güýzüne çenli Ýaponiýa günortada Haýnan adasyna çenli Hytaýyň kenarýaka etraplaryny eýeledi. 1939-njy ýylyň iňlis-ýapon şertnamasyna laýyklykda, Beýik Britaniýa bu çäk eýelemelerini ykrar etdi. Ýaponiýa 1940-njy ýylyň 27-nji sentýabrynda Germaniýa we Italiýa bilen harby ylalaşyk baglaşdy. Şeýlelikde, Ýaponiýa Uzak Gündogarda parahatçylyga howp salýan uruş ojaklarynyň birine öwrüldi.

♦ **Seýýukaý partiýasy** – syýasy dostlaryň jemgyýeti.

♦ **Kenseýto partiýasy** – Konstitusion partiýa.

♦ **Dzaýbasu** [ýapon. *eýeçilik*] – Ýaponiýada maliýe-senagat konsernleri. Adalga *pul klany* ýa-da *firmalaryň toplumy, birleşmesi* diýen manyny berýär. Ol XIX asyrdan başlap, XX asyryň I ýarymynda iri banklary we senagat birleşmelerini gözegçilikde saklaýan maşgalalar babatynda ulanylypdyr. Edo eýýamynda 4 sany esasy dzaýbasu – **Misubisi, Misuýi, Sumimoto, Ýasuda** – öz işine başlapdyrlar.

♦ **Tanaka Giiti** (1863–1929) – ýapon generaly, harby ministr. 1927–1929-njy ýyllarda premýer-ministr, daşary işler we koloniýalar ministri. Onuň ady bilen bagly ýapon daşary syýasatynyň doktrinasy bolan memorandum näçe gizlin saklansa-da, iki ýyldan soňra hytaý žurnalistleriniň eline geçip, çap edilýär. Emma resmi Tokio beýle resminamanyň hakykylygyny inkär edýär.

**Resminamalar we goşmaça maglumatlar**

**Ýaponiýanyň premýer-ministri general Tanakanyň 1927-nji ýylyň 25-nji iýulyndaky Memorandumyndan**

Hytaýy basyp almak üçin bolsa, ilki Mançžuriýany we Mongoliýany eýelemeli. Dünýäni basyp almak üçin, ilki Hytaýy eýelemeli. Eger biz Hytaýy eýeläp bilsek, Aziýanyň galan ýurtlary, Hindistan, şeýle hem Günorta deňizlere ýanaşýan ýurtlar bizden heder

ederler we biziň öňümizde boýun egerler. Şonda dünýä Gündogar Aziýanyň biziňkidigine düşüner hem-de biziň hukuklarymyza dawa etmekden çekiner. Bize imperator Meýdzi tarapyndan wesýet edilen meýilnama şeýledir. Onuň üstünlikli amala aşyrylmagy bolsa, ýapon imperiýasynyň dowam etmekligi üçin möhüm ähmiýete eýedir.

**Çeşme:** *Сороко-Цюпа О.С., Сороко-Цюпа А.О.* Новейшая история. XX век. – М, 2002, с.117; *Сергеев Е.Ю.* Хрестоматия по курсу «Новейшая история зарубежных стран». – М., 2005, с.87–88.

## § 8. Hindihytaý ýurtlary we Birma 1918–1939-njy ýyllarda

*Hindihytaý ýurtlary* Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlaryna degişlidir. Birma XIX asyryň ahyryndan başlap Angliýanyň koloniýasydy. Mekong derýasyndan gündogardaky ýerler Fransiýanyň täsir zolagyndady. Wýetnam, Laos, Kamboja XIX asyryň ikinji ýarymynda Fransiýanyň protektoratyna geçipdi. Günorta Wýetnam (Kohinhan) we Laosyň ýerleriniň käbiri bolsa doly koloniýa öwrülipdi. Fransiýa Hindihytaýdaky bakna eýeçiliklerini dolandyrmak maksady bilen 1887-nji ýylda *Hindihytaý bileleşigini* döredipdir. Oňa *Kohinhan, Annam, Tonkin* we *Kamboja* giripdir. Soňra oňa 1899-njy ýylda Laos, 1900-nji ýylda Hytaýyň Guançžou welaýaty hem goşulypdyr. Hindihytaý bileleşiginiň merkezi Saýgonda ýerleşipdir. Umumy dolandyryşy Fransiýanyň kolonial ministri, ýerli dolandyryşy bolsa çäklendirilmedik ygtyýarly fransuz general-gubernatory amala aşyrypdyr. Fransuz eýeçilikleriniň arasynda iň yzagalagy Laos we Kambojady.




**Wýetnamda milli azat edijilik hereketiniň ýokary göterilmegi.** Wýetnam Fransiýanyň koloniýasydy. 1883-nji ýylyň 25-nji awgustynda Fransiýa bilen Wýetnamyň arasynda baglaşylan şertnama görä, soňkusynyň üstünden protektorat düzgüni ýola goýlupdy. 1885-nji ýylyň fewralynda Týanszinde iki ýurduň arasynda ýaraşyk şertnamasyna gol çekilipdir. Wýetnam monarhiýa bolsa-da, *Nguýenler* neberesiniň häkimligi diňe ýurduň merkezinde hem-de kem-käs ýagdaýda demirgazygynda saklanyp galypdy. Wýetnam üç bölege – bakna Kohinhana (Günorta Wýetnam), iki sany protekto-

rata: Annama (Merkezi Wýetnam) we Tonkine (Demirgazyk Wýetnam) bölünipdir. Olaryň hem hersi birnäçe böleklere – Kohinhan 21 etraba, Tonkin bolsa 23, Annam 16 etraba bölünipdi. Wýetnamyň emeli bölünmegi fransuz kolonial düzgüniniň berkemegine we milli azat edijilik hereketiniň gowşamagyna getirýärdi.

Fransuzlar Wýetnamda *endijenat* düzgünini girizipdirler. Oňa laýyklykda, resmi rugsat bolmazdan, wýetnamlylara ýurduň çäginde ondan-oňa göçmek gadagan edilipdir. Fransuzlar Tonkine Hytaýa aralaşmak üçin daýanç nokady hökmünde seredipdirler. Kohinhan tüwi, kauçuk öndürilýän merkeze öwrülipdir. Fransiýa Hindihytaýda alkogol, duz, tirýek, otluçöp, temmäki we däri önümlerine monopol agalygy öz ellerinde jemläpdir. Fransiýa Wýetnamy hytaý bazaryna tüwi iberiji ýurda öwrüpdi. Wýetnam Alžirden soň fransuz kolonizatorlarynyň nah mata önümleriniň ýerlenýän esasy bazaryna öwrülipdi. Wýetnamy birleşdiren demir ýol gurlandan soňra, kömür gazyp almak we ony eksport etmek giňden ýaýbaňlanýar. Kofe we çaý plantasiýalary döredilýär.

Birinji Jahan urşy Hindihytaýyň ykdysady ösüşine az täsir ýetirmändir. Kauçuk, çaý, kofe plantasiýalary giňelipdir. Dag-magdan senagaty ösüpdir. Işçileriň sany köpelipdir. Ilkinji milli banklar döräpdir.

Birinji Jahan urşy döwründe Fransiýa Wýetnamdan uruş hereketlerine gatnaşdyrmak hem-de tyl işlerinde işletmek üçin 100 *müňden* gowrak adam alyp gidipdir. Uruş döwri wýetnamly esgerler Ýewropadaky wakalary öz gözleri bilen görüp, syýasy taýdan düşünjeleri artypdyr. Olaryň arasynda Wýetnamyň ilkinji prezidenti *Ho Şi Min* hem bardy. Uruşdan soň şol esgerleriň köpüsi Wýetnamyň özbaşdaklygy ugrunda göreşýän watançylar bolupdyr.

Wýetnam goňşularyna garanyňda ykdysady babatda ösen ýurt hasaplanýardy. Birinji Jahan urşunyň ahyrynda Fransiýanyň Wýetnama goýan maýa goýumy 1 *mlrd* altyn frankdan geçipdi. XX asyryň 20-nji ýyllarynda ýurduň içerki önüminiň 70%-ini oba hojalygy, 20%-ini senagat önümçiligi düzýärdi. Fransiýanyň täsiri bilen ýurt geçen asyryň 20–30-njy ýyllarynda ortaça ösen agrar-senagat döwletine öwrülipdi. Emma fransuzlaryň Wýetnamy böleklere bölüp dolandyrmagy netijesinde ýurduň üç böleginiň ösüşi deň däldi.

Wýetnam Hindihytaý ýurtlarynyň arasynda syýasy işjeňligi babatda-da öňdedi. XX asyryň birinji ýarymynda Fransiýanyň koloniýasy bolan Wýetnamda milli azat edijilik hereketi güýçlenipdir. Milli Garaşsyzlyk gazanmagy maksat edinýän syýasy guramalar we partiýalar döräp başlapdyr. Olaryň ilkinjisi milli azat edijilik hereketiniň görnükli öňbaşçysy *Fan Boý Týau* tarapyndan 1904-nji ýylda esaslandyrylan *Wýetnamy täzeleýiş jemgyýetidi*. Hereketiň başynda şazada Kýung De bolup, ol Wýetnamy Ýaponiýanyň kömegi bilen fransuz baknalygyndan halas etmegi maksat edinýärdi. 1907-nji ýylda Hanoýda Tonkin jemgyýetçilik mekdebi açyldy. Ony esaslandyryjy *Fan Týu Çin* Fransiýanyň liberal toparlarynyň Wýetnamda özgertmeleri amala aşyrmagyna bil baglaýardy. Emma bu gurama ýapylyp, onuň agzalary jezalandyrylypdyr. 1925-nji ýylda Saýgonda döredilen Konstitusion partiýa

Wýetnama dominion hukugynyň berilmegi hem-de wýetnamlylaryň hukuklarynyň fransuzlaryňky bilen deňleşdirilmegi ugrunda göreşýärdi. Şol ýylda *Wýetnam ýaşlarynyň rewolýusion ýoldaşlygy* diýen syýasy gurama hem döredildi.

1930-njy ýylda özlerini kommunistik partiýa diýip atlandyrýan üç sany syýasy gurama birleşip, ilki Wýetnam, soňrak *Hindihytaý kommunistik partiýasy* diýlip atlandyrylan partiýany döretdiler. Onuň ilkinji baş sekretary *Çan Fu* bolupdyr. Kommunistleriň ýolbaşçylygynda Wýetnamda birnäçe gozgalaňlar we çykyşlar guralýar. 1938–1939-njy ýyllarda 2 *müňden* gowrak halk çykyşlary bolup, oňa 1 *mln* gowrak adam gatnaşýar. 1937-nji ýylda ýurduň günortasynda döredilen *Demokratik partiýa* Fransiýa bilen hyzmatdaşlyk etmegiň esasynda dominion hukugyny almak ugrunda göreşýärdi. Ikinji Jahan urşunyň öňýanynda Wýetnam Fransuz döwletiniň koloniýasy bolmagynda galypdy.

1941-nji ýylyň iýulyndan 1945-nji ýylyň awgusty aralygynda ýapon goşunlary Wýetnamy eýelediler. 1941-nji ýylda Ho Şi Min Wýetnamyň garaşsyzlygy ugrundaky göreş ligasyny – *Wýetmini* esaslandyrdy.

**Laosda kolonizatorlyga garşy göreş.** XIX asyryň ahyryna çenli Laos aýratyn döwlet hökmünde dowam etmändir. Lao halkynyň ýaşan ýerleri Siama we Wýetnama garaşly bolupdyr. *Luangprabang* knýazlygy kem-käs özbaşdaklyga eýe bolupdyr. Fransiýa Laosy ikä bölüpdir: Luangprabang korollygy protektorata öwrülipdir, günorta Laos bolsa fransuz administrasiýasyna tabyn edilipdir. Geçen asyryň başynda Hindihytaý bileleşiginiň düzümine giren mahalynda laos ýerleri «awtonom protektorat» hukugyny alypdyr. 1923-nji ýylda geçirilen administratiw özgertmäniň netijesinde Fransiýa Laosy welaýatlara hem-de Luangprabang harby çägine bölüpdir. Olaryň soňkusyny dolandyrmak korolyň üsti bilen amala aşyrylypdyr. 1904–1959-njy ýyllarda tagtda korol *Sisawang Wong* oturypdyr.

Wýetnamdan, Kambojadan tapawutlylykda, fransuz kolonizatorlary Laosyň ykdysady, syýasy, medeni durmuşyna örän az aralaşypdyrlar. Çünki deňze çykalgasy bolmadyk, esasy bölegi daglyk bolan bu ýurt fransuz maýadarlarynyň ykdysady ünsüni känbir çekmändir. Fransiýa Laosyň tokaý we dag-magdan pudagyna (galaýy) üns beripdir. Emma ol esasy girdejini tirýek önümçiliginden alypdyr. Tirýek fransuz Hindihytaýynyň ýyllyk girdejisiniň 15%-ini düzüpdir. Laosda kofe öndürmäge, maldarçylyga hem ähmiýet berlipdir.


*Sisawang Wong*

Fransuzlar Laosyň iri ýer eýeçilik we tire-taýpa gurluşyny saklap, olaryň üstünden öz gözegçiligini girizipdirler. Emma Laosda salgytlar yzygider artdyrylypdyr. Bu bolsa daýhan gozgalaňlarynyň güýçlenmegine alyp barypdyr. Fransuz kolonizatorlaryna garşy gönükdirilen şeýle daýhan gozgalaňlarynyň biri 1919–1920-nji ýyllar-

da Demirgazyk Laosda bolupdyr. Gozgalaňçylar fransuz goşunlaryny daglyk etraplara kowup çykarýarlar. Fransuz goşuny Hanoýdan we Saýgondan goşmaça kömek alanlaryndan soň, 1920-nji ýylyň ýanwar–maý aýlarynda gozgalaňçylary ýeňlişe sezewar edýärler. Emma gozgalaň 1921-nji ýylyň mart aýyna çenli partizançylyk hereketi görnüşinde dowam edipdir. Hindihytaý Kommunistik partiýasy Wýetnamyň, Laosyň, Kambojanyň daşary ýurt agalygyna garşy göreşýän watançylaryna ýolbaşçylyk edipdir.

Günorta Laosda 1928–1937-nji ýyllarda hem fransuz agalygyna garşy gozgalaňlar bolupdyr. 30-njy ýyllardaky milli azat edijilik hereketi iş taşlaýyşlar görnüşinde dowam edipdir. Yzagalak Laos hatda protektorat hukugyny-da 1941-nji ýylda alypdyr.

**Kamboja.** XVIII asyryň ikinji ýarymyndan başlap, fransuz baknalygyna çenli Kamboja hem iki goňşusynyň – Wýetnamyň we Siamyň täsirinde bolupdyr. Aýratyn-da, Wýetnamyň Kamboja we Laos bilen ýygjam gatnaşyklary bolupdyr. Kambojanyň esasy ilaty bolan *khmerler* ençeme gezek öz ýurdunyň Siam tarapyndan eýelenmegine garşy Wýetnamdan kömek sorapdyrlar. Korol *Norodomyň* (1860–1904) döwründe ýurduň fransuz koloniýasyna öwrülmegi başlanypdyr. 1863-nji ýylda korol fransuz protektoratynyň ýola goýulmagy bilen razylaşypdyr. 1864–1867-nji ýyllarda geçirilen fransuz-siam gepleşikleri netijesinde Kamboja Fransiýa bilen Siamyň arasynda paýlaşylypdyr. 1884-nji ýylda Fransiýa Kambojany özygtyýarlylyk hukugyndan mahrum edipdir. 1884–1896-njy ýyllarda ýurtda fransuzlara garşy halk hereketiniň güýjemeginiň netijesinde korola käbir ýeňillikleri gaýtarylyp berlipdir.

Kolonizator Fransiýanyň Kamboja bolan ykdysady gyzyklanmasy XX asyryň 20–30-njy ýyllarynda bu ýerde kauçuk önümçiligini guramagyň mümkinçiligi öwrenilensoň artdy. Fransiýa Ikinji Jahan urşy başlanýança, bu ýurda maýasynyň 60%-ini hut şu pudaga goýupdyr. Fransuzlaryň gatnaşmagynda paýtagt Pnompen gaýtadan üýtgedilip gurlupdyr. Telefon, telegraf liniýalary, gara we demirýollar gurlupdyr.

XX asyryň 30-njy ýyllarynda Kambojada «*magaryflaşmak döwri*» başlanýar. Ilkinji khmer gazeti neşir edilip ugralýar. Ýapon tejribesini ulanyp, ýurdy ösdürmek hem-de ony fransuz baknalygyndan halas etmek barada wagyzlar başlanýar. XX asyryň 30-njy ýyllarynda fransuzlar korolyň häkimlik derejesini ýokarlandyrypdyrlar. Ýerli dolandyryşa khmer ilatyny köpräk çekip başlapdyrlar. 1941-nji ýylda korol tagtyna 19 ýaşly *Norodom Sianuk* geçipdir.

**Siam iki Jahan urşy aralygynda. 1932-nji ýylyň agdarylyşygy.** Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň içinde Siam ýeke-täk koloniýa öwrülmedik ýurtdy. Ýurdy XVIII asyryň ahyryndan bäri *Çakrileriň nesilşalygy* dolandyrýardy. Siam uzak wagtlap Birmadaky iňlis eýeçilikleri bilen Hindihytaýdaky fransuz eýeçiliklerini *araçäkleşdirijiniň (bufer)* roluny ýerine ýetiripdi. Fransiýa öz eýeçiliklerine iňlis täsiriniň, Beýik Britaniýa bolsa fransuz täsiriniň aralaşmagyndan howatyrla-

nyp, Siamy biri beýlekisiniň eýelemegini islemändiler. Şol ikisiniň eýeçilikleriniň serhedinde ýerleşmegi Siamyň koloniýa öwrülmeginiň öňüni alypdy. 1893-nji ýylyň ahyrynda Angliýa we Fransiýa Siamyň çäginde 80 kilometr aralykda bufer zolagyny döredipdirler. 1896-njy ýylyň ýanwaryndaky iňlis-fransuz şertnamasyna görä, Siam täsir zolaklaryna paýlaşylypdyr. Şeýlelikde, Siam syýasy garaşsyzlygyny saklan-da bolsa, ol ýüzleýdi.

XX asyryň başynda Siamyň dolandyryjylary iňlis-fransuz garşylyklaryny ýerlikli ulanyp, ýurduň olara garaşlylygyny azaltmagy başarypdy. Ol 1904 we 1907-nji ýyllarda Fransiýa, 1909-njy ýylda Angliýa bilen baglaşylan şertnamalarda berkidilipdi. Ýurt garaşsyz hem bolsa, barybir onuň ykdysadyýetine iňlis we fransuz täsiri uludy. XX asyryň başlarynda iňlis maýadarlary gurşun çykarmaklyga uly üns beripdirler. Siamyň eksportynyň 90%-i Angliýa iberilipdir. Daşary söwdany, esasan, iňlis banky maliýeleşdiripdir.

Geçen asyryň başynda Siamda monarhiýany berkitmegiň hasabyna güýçli döwleti döretmäge synanyşyk edilipdir. *Rama VI Waçirowud* (1910–1925) ýurduň gahrymançylykly geçmişini wasp etmäge, halkynyň milli ruhuny galdyrmaga üns beripdir. 1926–1927-nji ýyllarda Siamda daşary ýurtlularyň eksterritoriallyk hukugy ýatyryldy.

1929–1933-nji ýyllaryň dünýä ykdysady çökgünligi Siama-da agyr täsir edýär. Şalynyň, gurşunyň, kauçugyň eksportynyň kemeldilmegi halkyň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna alyp barypdyr. Halkyň närazylyklary artyp, çykyşlar başlanypdyr.

Siamyň hökümdary *Rama XII* halk hereketiniň öňüni almak üçin goşuny güýçlendiripdir. Emma bu ýagdaý ýurtda oňa garşy hereketleriň öňüni alyp bilmändir. 1932-nji ýylyň tomsunda Siamyň taryhynda öwrülişikli wakalar başlanypdyr. Parižde siamlylar *Halk partiýasyny* döredipdirler. Oňa *Pridi Panomiong* ýolbaşçylyk edipdir. Bu partiýa 1932-nji ýylda Siamda goşuna daýanyp, gandöküşiksiz rewolýusiýany amala aşyrypdyr. Dolandyryjylaryň birnäçesi häkimiýetden çetleşdirilipdir. Rama XII tagtdan agdarylmandyr. Emma onuň hukuklary çäklendirilipdir. Wagtlaýyn Konstitusiýa kabul edilip, ýurt konstitusion monarhiýa öwrülipdir. Halk partiýasynyň agzalaryndan hökümet düzülipdir. Emma bir ýyl gowrak wagtdan soň hemişelik Konstitusiýa kabul edilip, ol boýunça monarhyň hukuklary ýene biraz giňeldilipdir.

1932-nji ýylda Panomiongyň hökümeti ýurdy ösdürmegiň maksatnamasyny işläp düzüpdir. Onda ýurdy kapitalistik däl ösüş ýoly bilen ösdürmek bellenipdir. Emma hökümetiň kommunistik garaýyşlary onuň öňe süren ösüş ýoluna garşy çykýanlaryň birleşmegine getiripdir, korol hem olary goldapdyr. Diýeni geçmedik Panomiong 1933-nji ýylda ýurtdan çykyp gaçmaga mejbur bolupdyr. Emma şol ýyl täzeden harbylar döwlet agdarylyşygy geçirip, Halk partiýasy häkimiýete gaýdyp gelipdir. Indi korol *Pratiçapok* ýurtdan çykyp gaçmaga mejbur bolupdyr. Korolyň ornuna onuň ýegenini tagta çykarypdyrlar. Hökümete ýolbaşçy edip, harbylaryň

bähbidini araýan *Songkhram* bellenipdir. Ol ýurdy bazar gatnaşyklary ýoly bilen ösdürmegiň tarapdary bolupdyr. Emma 1933-nji ýyldan soň Siamda harbylaryň täsiri artypdyr.

1940-njy ýylda Tailand Ýaponiýa bilen dostluk barada şertnama baglaşypdyr. Taý dolandyryjylarynyň maksady asyryň başynda Fransiýa aldyran çäklerini yzyna gaýdyp almakdan ybaratdy. Ýuwaş ummanynda giň möçberli urşuň başlanmagy bilen, Tailandyň hökümeti Ýaponiýa bilen ýaranlyk baglaşýar hem-de 1942-nji ýylyň ýanwarynda ABŞ-a we Angliýa garşy uruş yglan edýär. 1944-nji ýylda häkimiýete garşy güýçleriň basyşy astynda Ýaponiýany goldaýan döwlet işgärleri häkimiýetden çetleşdirilipdir. Döwletiň başyna ýene P.Panomiong gelipdir. Angliýa Tailandy uruşda ýetiren zyýany üçin öweztölegini tölemäge mejbur edipdir.

**Birinji Jahan urşundan soň Birmada (Mýanmada) milli azat edijilik hereketi.** Häzirki Mýanmanyň ýerlerini iňlisler basyp alanlaryndan soň, *Birma* diýip atlandyrypdyrlar. Ýerli halkyň arasynda ýurda iňlisleriň dakan ady ýörgünli bolmandyr. Birma ady 1988-nji ýylda *Mýanma* ady bilen resmi çalşylypdyr. Emma näme-de bolsa, biziň seredýän döwrümizde ýurduň resmi adynyň Birma bolandygy üçin, biz hem ony şeýle atlandyrmaly bolýarys.

Birma Günorta-Gündogar Aziýanyň gadymy ýurdudyr. XIX asyrda Beýik Britaniýa üç sany *iňlis-birma uruşlarynyň* (1824–1826, 1852–1853, 1885) netijesinde Birmany basyp aldy we ony Hindistana birleşdirip, özüniň şaly, agaç, nebit, magdan (wolfram, galaýy, gurşun, kümüş) berýän çig mal çeşmesine öwürdi. Birinji Jahan urşundan soň Birmada kolonizatorlara garşy göreş güýçlendi. Çünki dünýädäki bolýan syýasy wakalaryň habary bu ýere Hindistanyň üsti bilen gelip ýetýärdi.

Kolonizatorlara garşy göreşe 1906-njy ýylda dörän *Ýaşlaryň buddaçylyk bileleşigi* ýolbaşçylyk edýärdi. Ol 1920-nji ýylda *Birma bileleşiginiň baş Maslahaty* diýen ady aldy. Birmada iri ýer eýeleriniň, ruhanylaryň, daýhanlaryň we senetçileriň bähbidini goldamak onuň esasy maksadydy. Bu gurama 1920–1930-njy ýyllarda bolup geçen milli azat edijilik göreşine ýolbaşçylyk edip, uly abraýa eýe boldy.

Birma halkynyň syýasy göreşiniň ýokary galmagyna iňlis hökümetiniň 1918–1921-nji ýyllarda Hindistanda geçiriljek özgerdişleri Birmada hem geçirmekden ýüz öwürmegi boldy. Bu milli kemsidilme halk nägileligine alyp geldi. Birmada ilkinji syýasy çykyşlar başlandy. Hindistanyň we Birmanyň halk köpçüligi Beýik Britaniýadan syýasy we ykdysady özgerişleri geçirmegi talap edip, wekiller iberdi. Ol talaplar jogapsyz galansoň, Birmada daşary ýurt harytlaryndan ýüz öwürmek başlandy. Bu çykyşlara ruhanylar hem goşuldy. Bu hereketler 1920-nji ýylyň ahyrynda başlanyp, ol tutuş ýurdy gurşap aldy. Iňlisler 1923-nji ýýldan başlap, Birmada hindi nusgasy boýunça dolandyryş özgerdişlerine girişmäge mejbur boldy. Emma soňabaka bu özgerdişleriň netijeleriniň ujypsyzdygyna göz ýetirip, birmalylar ol özgerdişlerden hem ýüz döndürdiler.

Birma iňlis kolonizatorlaryndan dominion hukugynyň berilmegini talap edip başlady. Bu bolsa Garaşsyzlygy talap etmeklik bilen barabardy. 1923–1926-njy ýyllarda nebitçileriň çykyşlary boldy. Ýurtdaky halk çykyşlaryny ýatyrmak we güýç bilen salgytlary ýygnamak üçin kolonizatorlar polisiýanyň we goşunyň güýjüne daýanmaly boldular.

Birma Angliýanyň şaly plantasiýasydy. 1869–1937-nji ýyllarda ýurtda tüwiniň öndürilişi 10 esse artypdyr. 1910-njy ýylda Birmada bar bolan 300 kärhananyň ýarpysynyň şaly degirmenleridigini nazarda tutsaň, iňlisleriň bu ekine nähili ähmiýet berendigini görkezýärdi. Birma tüwüsiniň nyrhynyň emeli peseldilmegi närazylyklaryň has artmagyna getirdi. Tüwi bolsa ýurtda esasy önümdi, hatda ol ýurduň syýasy wakalarynyň ösüşine hem täsir edýärdi.

**1929–1933-nji ýyllaryň dünýä ykdysady çökgünliginiň Birma täsiri.** 1929–1933-nji ýyllaryň dünýä ykdysady çökgünligi Birmanyň ykdysadyýetine hem täsir etdi. Tüwiniň nyrhy 2-3 esse peseldi. Daýhanlar bergilerini üzüp bilmän, öz ýerlerinden mahrum boldular. Daýhanlar ýersiz galýardy, hindi alyp-satarlarynyň elinde mes toprakly baý, şaly eker ýaly ýerler jemlenýärdi. Çökgünlik halkyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrdy, kolonizatorlar işçileriň zähmet haklaryny azaltdylar. Hünärmentçilik we senetçilik önümleri girdejisiz bolup, senetçiler tozýardylar.

1930-njy ýylda iňlis kolonizatorlary Birmadaky milli azat edijilik hereketini gowşatmak üçin Birmany Hindistandan aýryp, ony Londondan dolandyrylýan ýere öwürmegi karar etdiler. Iňlisler bu karary göýä, birmalylara öz-özüni dolandyryş hukugy berilýän ýaly mahabatlandyryp düşündiripdirler. Kararyň düýp mazmunyna düşünen watançylar oňa garşy çykypdyrlar. Beýik Britaniýa Birma ilki dominion hukugyny berip, soňabaka ony Hindistandan aýyrmagyň tarapdarydy. Ahyrynda kolonizatorlar Birmanyň halkyna käbir syýasy hukuklary bermäge mejbur boldular.

**1930–1932-nji ýyllardaky halk gozgalaňy.** Iňlis kolonizatorlarynyň basybalyjylykly syýasaty halk köpçüliginiň ýaragly gozgalaňa başlamagyna getiripdir. 1930-njy ýylyň dekabr aýynda aşaky Birmada başlanan gozgalaň tutuş ýurdy gurşap aldy. Gozgalaňa «*galonlaryň*» *gizlin guramasy* (buddaçylaryň rowaýaty boýunça *aždarha bilen göreşde ýeňen guş*) ýolbaşçylyk etdi. Onuň ýolbaşçysy *Saýa San* boldy. Ol goşun birikmelerini döretdi. Emma ýeke-täk goşun döretmek başartmady. Saýa San gadymy däplere görä, Birmanyň daglyk etrabynda Birmanyň täze paýtagtyny esaslandyrdy we özüni hökümdar diýip yglan etdi. 1931-nji ýylda iňlisler galonlaryň gozgalaňyny Hindistandan çagyrylan goşunyň kömegi bilen basyp ýatyrdylar. Saýa San we onuň egindeşleri jezalandyryldy. 1932-nji ýylda ol gutarnykly ýeňildi. Galonlaryň ýeňilmegi ýurtda milli azat edijilik hereketini gowşatdy. 1935-nji ýylda iňlis parlamenti «Hindistany dolandyrmak hakynda» karar kabul etdi. Bu karar boýunça Birma Hindistandan bölünip aýrylyp, bu ýerde «Milli hökümet» ady bilen kolonizatorlaryň ministrler kabineti döredildi. Ýurduň Konstitusiýasy kabul edildi. Iňlis hökümeti Birma konstitusiýasyna

islän wagty üýtgeşiklik girizip bilýärdi. Angliýa Birmany kolonial Hindistandan bölüp aýyrmagyň tarapdarydy. Ahyrynda kolonizatorlar Birmanyň halkyna käbir syýasy hukuklary bermäge mejbur boldular. 1935-nji ýylyň kanuny 1937-nji ýylyň 1-nji aprelinden güýje girýärdi.

**Takinleriň hereketi.** Birmanyň syýasy güýçleriniň arasynda agzybirlik ýokdy. Has milletçi güýçler 30-njy ýyllaryň ahyrynda *U Sonyň* başda durmagynda «*Mýoçit*» («*Watançy*») atly syýasy partiýany döretdiler. «*Birma – birmalylar üçin*» diýen milletçi şygara perdelenip, olar hindilere we musulmanlara garşy jeza çärelerini ulanyp başladylar. XX asyryň 30-njy ýyllarynda Birmada «*Biziň Birmamyz*» («*Dobama Asiaýon*») diýen syýasy jemgyýet hem bardy. Onuň adynyň yzyna «*takin*», ýagny «*jenap, hojaýyn*» diýen manyny berýän söz goşuldy. Onuň agzalary «*Birmanyň hakyky eýesi daşary ýurtlular däl-de, birmalylar*!» diýip, garaşsyzlyk şygarynyň astynda göreşýärdiler. Olar 1936-njy ýylda milli ýygnaga saýlawlara gatnaşyp, 3 orun alypdylar. Olar 1935–1936-njy ýyllarda köpçüligiň arasynda uly syýasy işleri alyp bardylar. Olar kolonial konstitusiýanyň ýatyrylmagyny we oýnatgy «milli hökümetiň» dargadylmagyny talap edýärdiler.

30-njy ýyllaryň ahyrynda 23 ýaşly *Aun Sanyň* öňbaşçylyga getirilmegi bilen takinleriň hereketi has işjeňleşdi. 1938–1939-njy ýyllarda takinleriň hereketi bütin ýurdy gurşap aldy. Ol Birmada «*1938-nji ýylyň öwrülişigi*» diýen ady aldy, oňa Merkezi Birmanyň nebitçileri hem goşuldy. Bu göreşe ilatyň ähli gatlagy gatnaşdy.

**Birma Ikinji Jahan urşunyň öňüsyrasynda.** Ikinji Jahan urşunyň öňüsyrasynda «Biziň Birmamyz» jemgyýetiniň içinde iňlis agalygyny ýaragly ýol bilen ýok etmäge hem-de Ýaponiýanyň yzyna eýermäge synanyşýan radikal gatlak döredi. Takinler jemgyýetiniň bir ganatynyň binýadynda 1939-njy ýylda kommunistik partiýa döredi.

Ikinji Jahan urşunyň başlanmagy bilen, iňlisler Birmada milli azat edijilik hereketini ýatyrmak üçin rehimsiz jeza beriş çäresine geçdiler. Olara milli azat edijilik hereketini wagtlaýynça basyp ýatyrmaklyk başartdy. Ýurtdaky çylşyrymly ýagdaýdan peýdalanyp, bu ýere ýapon kolonizatorlary aralaşyp başladylar. 1939-njy ýylda Ýaponiýa çylşyrymly howa şertlerinde günorta-günbatar Hytaýy Birmanyň demirgazyk-gündogary bilen birleşdirýän gara ýoly gurdy. Birma Ýaponiýa bilen ýakynlaşyp başlady.

♦ **Hindihytaý ýarymadasy** – fransuzlar tarapyndan «Hytaý» we «Hindistan» sözleriniň birleşdirilmegi netijesinde ýarymada berlen at. Çünki ýewropalylar bu ýeriň medeniýetinde birbada hem hindi, hem hytaý alamatlaryny görüpdirler. Bu ýerde **Wýetnam, Laos, Kamboja, Malaýziýa (bir bölegi), Mýanma (esasy bölegi), Tailand, Bangladeş** (kiçeňräk bölegi) döwletleri ýerleşýär. Ýarymadanyň tutýan meýdany 2 *mln* inedördül kilometrden gowrak. Hindihytaý günbatarda Bengal aýlagy we Andaman deňzi arkaly Ýuwaş ummanynyň, Malakka bogazynyň, Günorta-gündogarda Günorta-Hytaý deňzi we onuň Siam, Bakbo (Tonkin) aýlaglarynyň suwlary bilen ýuwulýar. Demirgazykda Gang derýasynyň jülgesinden günortada Malakka ýarymadasyna çenli uzalyp gidýär.

♦ **Wýetnam** orta asyrlarda **Daýwýet**, 1804-nji ýyldan başlap bolsa resmi taýdan Wýetnam diýlip atlandyrylypdyr.

♦ **Sisawang Wong** 1954-nji ýylda tagtda oturmagynyň altyn ýubileýini belläpdir. Şol wagt ol Aziýada tagtda iň uzak oturan monarh bolupdyr.

♦ Ýurduň demirgazyk we gündogar böleginiň daglykdygy sebäpli, Laosyň ilatynyň 95%-i Mekong derýasynyň jülgesinde Tailand bilen serhediň ugrunda ýaşaýar.

♦ **Kamboja** – induizm bilen buddizmiň agalyk edýändigi bilen baglylykda, **khmerleriň ýurdunyň** sanskrit dilinden alnan görnüşi.

♦ **Tailand** 1939-njy ýyla çenli **Siam** diýlip atlandyryldy.

## §9. Aziýanyň arap ýurtlary 1918–1939-njy ýyllarda

**Birinji Jahan urşundan soň arap ýurtlarynda syýasy-ykdysady ýagdaý. Mandat düzgüni.** Birinji Jahan urşuna çenli dünýäniň syýasy kartasynda ýekeje-de özbaşdak arap döwleti bolmandy. Şol wagt häzirki Yrak, Iordaniýa, Siriýa, Liwan, Ýemen ýaly ýurtlar Osman imperiýasynyň düzümine girýärdi. Häzirki Arabystan ýarymadasynda ýerleşen döwletleriň aglabasynyň ýerlerine Osman imperiýasy, bir bölegine Beýik Britaniýa eýeçilik edýärdi. Müsür, Sudan Beýik Britaniýanyň täsirindedi. Liwiýany Italiýa, Alžiri, Tunisi, Marokkonyň bir bölegini Fransiýa eýeläpdi. Marokkonyň demirgazyk bölegi ispanlaryňkydy, bir bölegi (Tanžer) garaşsyzdy.

Beýik Britaniýa we Fransiýa araplaryň türk agalygyna garşy göreşini goldan bolup, azat edijiniň perdesine duwlanyp, uruş döwri olaryň özlerini goldamagyny gazandylar. Türkleriň elinden alnan arap ýerler iňlis we fransuz goşunlary tarapyndan basylyp alyndy. Birinji Jahan urşundan soň türk hökümdarlarynyň ornuna iňlis we fransuz hojaýynlary geldiler. Arabystan ýarymadasynda diňe häzirki Saud Arabystanynyň ýerleri we Ýemen özbaşdaklygyny gazanyp bildi. Arap Gündogarynyň beýleki halklary baknalyk sütemi astynda galýardylar. Beýik Britaniýa we Fransiýa uruşdan soňra arap ýurtlaryny resmi ýagdaýda-da paýlaşdylar. Kolonial halklary özbaşdak ýaşamaga taýýarlamak bahanasy bilen, olara hojaýynçylyk etmäge Milletler Ligasy tarapyndan berlen ýörite haty – *mandaty* aldylar. Beýik Britaniýa Iordaniýa, Yrak we Palestina halklaryny, Fransiýa bolsa Siriýa we Liwany aldy (*seret: III bap, §7*).

Iňlisleriň we fransuzlaryň Milletler Ligasynyň adyndan dolandyryş düzgüni araplaryň öňki kolonial düzgüninden kän bir tapawutlanmaýardy. *Mandat düzgüni* Dewid Lloýd Jorjuň ýüz görmän belleýşi ýaly, «*basybalyşlaryň ýüzüni perdeleýärdi*». Şonuň üçin iňlis-fransuz agalygyna garşy Arap Gündogarynda milli azat edijilik hereketleri başlandy. Iri gozgalaňlar 1920-nji ýylda Yrakda, 1922-nji we 1925–1927-nji ýyllarda Siriýada bolup geçdi.

**Birinji Jahan urşundan soň Yrakda syýasy ýagdaý.** Yrak XX asyryň başynda Osman imperiýasynyň düzümine girýärdi. Birinji Jahan urşunyň başlanmagy bilen, 22-nji noýabrda iňlis-hindi goşunlary Basra şäherini eýelediler. 1917-nji ýylyň 17-nji martynda iňlisler Bagdady eýeläpdi. Şol aýda Basra we Bagdat welaýatlary hem olaryň golastyna geçipdi. Birinji Jahan urşy netijesinde Osman imperiýasynyň dargamagy bilen, Yragyň çäkleriniň esasy bölegini Beýik Britaniýa basyp alypdy. 1918-nji ýylyň noýabrynda Osman döwleti bilen baglaşan *Mudros ýaraşyk şertnamasynyň* şertlerini bozup, Angliýa esasy ilaty kürtler bolan Mosul welaýatyny hem eýeleýär. Şeýlelikde, 1920-nji ýylda *San-Remoda bolan maslahatda* Angliýa Osman imperiýasyndan basyp alan 3 sany welaýatyny birleşdirip, *Yrak* atly döwleti döretmäge we ony dolandyrmaga mandat alypdy. Iňlisler şol döwürden başlap, Yragy öz baknasy hökmünde dolandyryp başlapdyrlar.

**Kolonizatorlara garşy göreş. 1920-nji ýylyň gozgalaňy.** Entek Birinji Jahan urşy tamamlanmanka Yrakda kolonizatorlara garşy göreş başlanypdyr. 1918-nji ýylyň baharynda Nejefde, 1919-njy ýylyň maý–iýun aýlarynda ýurduň demirgazygynda kürtleriň gozgalaňy bolupdyr. San-Remoda Yragyň üstünden iňlis agalygynyň girizilmegi kolonizatorlaryň garşysyna 1920-nji ýylda milli azat edijilik gozgalaňy has möwjäpdir. Oňa «*Garaşsyzlygy goramak*» jemgyýeti ýolbaşçylyk edipdir. Onuň öňbaşçylary täjir *Jafar Abu at-Timman* we ruhany *Muhammet as-Sadr* bolupdyr. Gozgalaň 30-njy iýunda Rumeýsa şäherjiginde başlanyp, basym ýurduň ähli ýerine ýaýrapdyr. Bir aýyň dowamynda gozgalaňçylar ýurduň köp bölegini iňlislerden arassalapdyrlar. Emma 150 *müň* adamly goşunyň kömegi bilen iňlisler şol ýylyň noýabrynda gozgalaňy basyp ýatyrypdyrlar. Emma Yrakda milli azat edijilik hereketi soňam dowam edipdir. Ýurtda *Yragyň milli partiýasy, Yragyň gaýtadan döreýiş partiýasy* ýaly birnäçe syýasy guramalar döräpdir. Olaryň birinjisine Jafar Abu at-Timman, ikinjisine bolsa Muhammet as-Sadr ýolbaşçylyk edipdir.

**Yrakda mandat düzgüni.** Beýik Britaniýa 1920-nji ýylda wagtlaýyn hökümet döredipdir. 1921-nji ýylyň 23-nji awgustynda bolsa iňlis hökümeti türk agalygyna garşy göreşen, fransuzlar tarapyndan Siriýadan kowlan *Feýsal al-Haşimini* Yragyň şeýhi – hökümdary diýip jar edipdir. Ol uruş ýyllary araplary Osman imperiýasyna garşy urşa aýaga galdyrypdy. Emma ýurduň hakyky dolandyryjysy iňlislerden bellenýän *baş komissar* bolupdyr. 1922-nji ýylda iňlis hökümeti Yrak bilen şertnama baglaşyp, ol boýunça resmi ýagdaýda Yragy özbaşdak döwlet hökmünde ykrar etse-de, Yragyň hökümdary halkara meselelerini we maliýe syýasatyny baş komissaryň maslahatlary boýunça alyp barmaly edilipdi. Ýurtda iňlis goşunlary saklanyp galýardy. Başgaça, ýurt iňlisleriň koloniýasydy.

Iňlisler Yragyň nebit ýataklaryny özleşdirip başlapdyrlar. 1925-nji ýylda «Turkish petroleum» iňlis kompaniýasy Yragyň Basradan başga ähli ýerinde nebit gözlemek işine konsessiýa alypdyr. 1926-njy ýylda Türkiýe bilen uzaga çeken gepleşiklerden soň Yrak nebite baý *Mosul welaýatyny* özüne alýar. 1927-nji ýylda bu işe

amerikan, golland we fransuz kompaniýalary hem goşulyşypdyr. «*Irak petroleum kompani*» garyşyk kompaniýasy döredilipdir.

**Nury Saidiň hökümeti. Mandat düzgünininiň ýatyrylmagy.** Beýik Britaniýa Yrakda mandat düzgünine garşy hereketleriň ýygjamlaşýandygyny duýup, 1926-njy ýylda mandat düzgünini ýatyrmaga söz berýär. Emma onuň 1927-nji ýylda teklip eden şertnamasynyň taslamasy hatda Angliýa ýapja bolan hökümetde-de goldaw tapmandyr. Şeýle bolansoň, Angliýa 1930-njy ýylda öz tarapdary bolan Nuri Saidiň baştutanlygynda täze hökümeti düzüpdir we ony Yragyň şeýhininiň goldamagyny gazanypdyr. Onuň hökümeti bilen 1930-njy ýylda 25 ýyllyk şertnama baglaşypdyr. Ol boýunça Yrak özbaşdak döwlet diýip jar edilipdir. Mandat düzgüni ýatyrylypdyr. Emma Beýik Britaniýanyň daşary syýasat meselelerinde Yraga «maslahat» bermek hukugy saklanypdyr. Habbaniýede we Şuaýbiýede Angliýanyň harby bazalary saklanyp galmalydy. Yrak daşary ýurtly maslahatçylary diňe Angliýadan çagyrmalydy. 1932-nji ýylda Yrak Milletler Ligasyna özbaşdak döwlet hökmünde kabul edilipdir. 1930-njy ýylda döredilen «*Milli doganlyk*» atly täze syýasy partiýa ýokarda agzalan şertnamanyň ýatyrylmagy ugrunda göreşe başlapdyr.

**Yrak Ikinji Jahan urşunyň öňüsyrasynda.** Yragyň özbaşdaklygynyň jar edilen döwri dünýä ykdysady çökgünligi dowam edýärdi. Bu döwürde Yrakda öndürilýän oba hojalyk önümlerine – pissä, galla, ýüňe dünýä bazarynda isleg azalypdy. Bu bolsa ekerançylyk ýerleriniň azalmagyna, Yragyň ykdysady ýagdaýynyň peselmegine getiripdi. Oba ilaty köpçülikleýin garyplaşyp, ýerlerini satyp, şäherlere göçüpdirler. Halkyň hökümetden närazylygy artypdyr. Beýik Britaniýa çökgünlik sebäpli Yraga ünsüni gowşadypdyr. Netijede, ykdysady çökgünlik syýasy krizisiň döremegine getiripdir. Iňlis agalygy ýatyrylandan soňky iki ýarym ýylyň dowamynda 8 gezek hökümet çalşypdyr. Üç gezek parlament saýlawlary geçirilipdir. 1933-nji ýylyň martynda *Raşid Aly al-Gaýlaniniň* baştutanlygynda «*Milli doganlyk*» hökümetiniň dolandyryşa gelmegi hem ýurtda ýagdaýy kadalaşdyrmandyr. 1933-nji ýylyň awgustynda *assiriýalylardan* elhenç öç alynmagy bu partiýanyň barja abraýyny döküpdir.

Syýasy ýagdaýyň çylşyrymlaşýan döwründe Yragyň watançy güýçleri «*al-Ahali*» atly gazetiň töweregine ýygnanypdyrlar. Gazetiň işinde Jafar Abu at-Timman we aklawçy Kamil al-Çadari işjeňlik görkezipdirler. Olar şol gazetiň sahypalarynda ýurdy ösdürmegiň ýollary barada çykyşlar gurapdyrlar. Bu hereketiň ýolbaşçylary bilen iri ýer eýesi bolan Hikmet Süleýman, harbylardan bolan *general Bakr Sidki* aragatnaşyk saklapdyrlar. Bu ikisi «al-Ahali» gazetiniň watançylaryndan gizlin harby agdarylyşygy guramagyň meýilnamasyny işläp taýýarlapdyrlar. Olar harby agdarylyşygyň başlanmazynyň öňüsyrasy «al-Ahali» gazetini habardar edip, gazetde agdarylyşygyň halk üçin ähmiýetlidigi barada ýazmaklaryny gazanypdyrlar. 1936-njy ýylyň 29-njy oktýabrynda Bakr Sidkiniň baştutanlygyndaky goşun Bagdada girizilipdir. Ýurduň şeýhi Gazy I-den (ol 1933-nji ýylda tagta ge-

çipdi) hökümeti işden aýyrmagy talap edipdirler. Şeýh olaryň talabyny kabul edipdir we *Hikmet Süleýmanyň* baştutanlygynda täze hökümet düzmek barada perman çykarypdyr. Täze düzülen hökümete «al-Ahali» gazetiniň watançylaryndan hem 3 wekil girizilipdir. Bakr Sidki hökümetde Baş karargähiň serkerdebaşysy wezipesini alypdyr.

Täze hökümetiň uly özgerdişleri geçirjekdigi barada gazetde makalalar peýda bolupdyr. Emma bularyň bary halky köşeşdirmek üçin edilipdir. Iş ýüzünde täze hökümetiň ýolbaşçylary faşistik garaýyşly adamlar bolup çykypdyr. Olar halk çykyşlaryny rehimsizlik bilen basyp ýatyrypdyrlar. Hökümetiň alyp barýan beýle syýasatyndan närazy bolan «al-Ahali» gazetinden hökümete girizilen ministrler 1937-nji ýylyň 19-njy iýunynda wezipelerinden ýüz öwrüpdirler. General Bakr Sidki italýan we german faşistleriniňki ýaly düzgüni girizmek üçin täze döwlet agdarylyşygyna taýýarlanypdyr.

Bakr Sidkiniň we Hikmet Süleýmanyň ýurduň demokratik güýçlerinden arasyny üzmekleri olaryň halkyň arasyndaky abraýyny peseldipdir. Şondan hem iňlisler bilen gatnaşyk etmegiň tarapdarlary bolan toparlanyşyk peýdalanypdyr. Olar 1937-nji ýylyň 11-nji awgustynda Bakr Sidkini öldüripdirler, bäş günden soň Hikmet Süleýmanyň hökümetini agdarypdyrlar. Yrakda ýene-de Beýik Britaniýa bilen gowy gatnaşyk saklamagyň tarapdarlary häkimiýete gelipdirler. Bu toparlanyşyk Beýik Britaniýanyň ýakyn hyzmatdaşy bolan, öň hem iňlisleriň goldamagynda häkimiýeti eýelän Nuri Saidi 1938-nji ýylyň 25-nji dekabrynda hökümet baştutany wezipesine getiripdir. Täze hökümet başlygy iňlisler bilen gatnaşyk etmegiň duşmanlaryndan hökümeti arassalapdyr. 1939-njy ýylyň martynda onuň özi hökümete garşy ýalandan topalaň gurapdyr. Bu hereketde aýyplap, özüniň syýasy garşydaşlaryndan ar alypdyr. Emma ýurduň şeýhi Gazi I Nuri Saidiň hökümetiniň iňlisparaz syýasatyny goldamandyr. 1939-njy ýylyň 3-nji aprelinde Gazi I awtoulag heläkçiliginde ýogalypdyr. Onuň ölüminiň günäkäriniň doly anyk bolmazlygy bu işde Nuri Saidiň eliniň bardygy hakyndaky gürrüňleriň ýaýramagyna sebäp bolupdyr. Ýurduň şeýhiniň wezipesini, Gazi I-niň 4 ýaşly ogly Feýsal II-niň üstüne ýükläpdirler. Ol kämillik ýaşyna ýetýänçä, oňa baş maslahatçy edilip Nuri Saidiň ýakyn dosty Abd al-Ylýah bellenipdir. Şundan soň Nuri Saidiň hökümeti açykdan-açyk Beýik Britaniýa bilen ýakynlaşypdyr. 1941-nji ýyla çenli ýurtda 6 sany döwlet agdarylyşygy guraldy.

Şeýlelikde, Ikinji Jahan urşunyň öňüsyrasynda Yrakda ýene-de Beýik Britaniýanyň täsiri güýçlenipdir.

**Iordaniýa.** Iordaniýa atly döwleti iňlisler döretdiler. Iordaniýanyň ýerleri – birinji Jahan urşunyň gidişinde Osman imperiýasynyň Damask welaýatynyň düzümindedi. Iordan derýasynyň gündogar bölegi türk agalygyna garşy çykyş eden arap taýpalary tarapyndan eýelenipdi. 1918–1920-nji ýyllarda bu welaýatlar we Siriýa Faýsalyň häkimiýeti astyndady. San-Remo konferensiýasynyň kararyna görä, *Transiordaniýa* Beýik Britaniýanyň mandatyna berildi. 1921-nji ýylyň maý aýynda



*Abdallah*

*Haşimit* emiri Faýsalyň dogany *Abdallah* Transiordaniýanyň hökümdary diýlip yglan edildi. Bu täze döran emirligiň ilaty bary-ýogy 300 *müň* adama ýetýärdi.

Ýurtda häkimiýete garşy çykyşlary basyp ýatyrmak üçin *Arap legiony* döredilipdir. 1928-nji ýylyň 28--nji ýanwarynda Iýerusalimde gol çekilen deň bolmadyk şertnama görä, Beýik Britaniýa Transiordaniýanyň daşary syýasatynyň, maliýe ulgamynyň, ýaragly güýçleriniň üstünden öz gözegçiligini ýola goýupdyr. Şol ýylyň 19-njy aprelinde ýurduň ilkinji Konstitusiýasy we saýlaw kanunçylygy kabul edilýär. 1932–1934-nji ýyllarda «Irak Petroleum Kompani» Transiordaniýanyň çäginden Kirkuk–Haýfa nebit geçirijisini gurýar. 1938–1941-nji ýyllarda Bagdat–Haýfa gara ýoly çekilýär.

Ýurduň daşary syýasaty hem Angliýanyň sebitdäki bähbitlerinden ugur alnyp durmuşa geçirilýärdi. 1931-nji ýylyň martynda haşimit Yragy bilen hyzmatdaşlyk hakda şertnama gol çekildi. 1933-nji ýyldaky birek-biregi ykrar etmek we hoşniýetli gatnaşyklar hakdaky şertnama görä, Saud Arabystany Maan we Akaba etraplaryna, Transiordaniýa bolsa Hijaza dawa etmekden el çekýär. Ikinji Jahan urşy ýyllarynda Angliýa arap beduinlerinden düzülen Arap legionyny Ýakyn Gündogarda goşmaça harby güýç hökmünde ulanypdyr. 1943-nji ýylda Abdallah Transiordaniýanyň başda durmagynda Siriýany, Liwany, Palestinany birleşdirmek baradaky «*Beýik Siriýa*» taslamasyny öňe sürüpdir. Yragyň premýer-ministri Nuri Said bolsa «*Abadançylykly ýarymaý*» taslamasynyň astynda agzalan ýerleri Yragyň golastynda birleşdirmekçi bolupdyr. Emma arap ýurtlarynyň watançy güýçleri muňa garşy çykypdyrlar.

**Siriýa we Liwan.** Geçmişde *häzirki Siriýanyň, Liwanyň, Iordaniýanyň, Palestinanyň we Ysraýylyň çäkleri* geografiki taýdan bir bitewi bolup, ol *Siriýa* ady bilen mälim bolupdyr. Siriýa we Ortaýer deňziniň gündogar kenarlary ýewropa edebiýatlarynda *Lewant* diýlip atlandyrylypdyr. XVI asyrda bu ýerler Osman imperiýasynyň düzümine birikdirilipdir. Birinji Jahan urşuna çenli Siriýa Osman imperiýasynyň golastyndady. Osman imperiýasynyň:

*Damask welaýaty* häzirki Siriýanyň günorta bölegini, Iordaniýanyň ähli ýerini diýen ýaly we Liwanyň häzirki çäginiň bir bölegini;

*Halap welaýaty* demirgazyk Siriýany, Aýntap, Urfa, Iskenderun etraplaryny;

*Beýrut welaýaty* Liwanyň kenarýaka etraplaryny, Latakiýany, Palestinanyň demirgazygyny öz içine alýardy.

Eýýäm XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda Fransiýa Siriýanyň ykdysadyýetiniň üstünden öz gözegçiligini ýola goýupdy. Geçen asyryň başynda Siriýa we Liwan dänäni, ýüňi, ýüpegi, temmäkini, pagtany köp öndürip başlapdy.

Birinji Jahan urşy ýyllarynda bu iki ýurt german we türk goşunlary tarapyndan harby hereketleri alyp barmagyň daýanç nokady hökmünde ulanylypdyr. Zähmete ukyply ilat mejbury ýagdaýda harby desgalaryň gurluşygyna sürlüpdir. Jahan urşy tamamlanan badyna, 1918-nji ýylyň oktýabrynda türkler Siriýanyň we Liwanyň ýerlerinden öz goşunlaryny çykardylar. Siriýanyň we Liwanyň esasy ýerlerini iňlis goşunlary, olaryň kenarýaka etraplaryny bolsa fransuz goşunlary eýelediler. Angliýa siriýa-liwan serhedindäki türklere garşy gozgalaňy goldan bolup, bu ýerleri aňsatlyk bilen eýeledi. Emma ol uruşdan soň bu ýerlerde özbaşdak arap döwletini döretmek baradaky wadasynda tapylmady.

Pariž parahatçylyk maslahatynda uzaga çeken iňlis-fransuz dawasyndan soň, Fransiýa Liwana we Siriýa mandat hukugyny aldy. 1920-nji ýylyň sentýabrynda fransuz gubernatorynyň başda durmagynda «*Beýik Liwan*» döwleti döredilýär. Siriýa dini-jemagat alamatlary boýunça birnäçe döwlet birleşmelerine (Halap, Damask, Jebel-Druz, Latakiýa) bölünýär. Fransuz maýasy Siriýanyň we Liwanyň ykdysadyýetini doly özüne tabyn edýär. Ýurduň altyn gorlary Fransiýa äkidilip, ýerine kagyz pullar berilýär.

1920-nji ýylda Siriýanyň we Liwanyň kenarýaka etraplaryndaky fransuz goşuny 7 *müň* bolanlygyndan 70 *müň* adama çenli artdyrylýar. Fransiýa Gündogar Siriýany we Damasky basyp almaga taýýarlanýar. Ýurtda fransuz agalygyna garşy halk hereketi başlandy. 1920-nji ýylda *emir Faýsal* Siriýanyň koroly boldy. Ol fransuzlara boýun egmek syýasatyny ýöretdi. 1920-nji ýylyň aprelinde San-Remoda bolan konferensiýada Fransiýa Siriýa we Liwana mandat aldy.

1920-nji ýylda fransuzlar Damasky eýelänsoň, ýurtda berk jeza beriş düzgünini ýola goýupdyrlar. Muňa garşy ýurtda halk gozgalaňlary güýçlenipdir. 1921-nji ýylda gozgalaňlar ýurduň demirgazygyny gurşap alypdyr. *Siriýa birligi partiýasy* Ženewada bolan kongresinde Milletler Ligasyndan mandat düzgünini ýatyryp, ýurda garaşsyzlyk berilmegi baradaky talapnamany işläp düzüpdir. Milli azat edijilik hereketiniň gerimi barada Siriýanyň ýokary komissary *general Soreýl* şeýle sözleri ýazypdyr: «*Diňe 1922-nji ýylda siriýalylar 35 gezek gozgalaň turuzdylar, netijede, fransuz goşuny 5 müň esgerinden jyda düşmeli boldy*.»

1925–1927-nji ýyllarda ýurtda milli azat edijilik hereketi täzeden güýçlendi. Umumysiriýa gozgalaňy Jebel-Druzda başlanyp, Halaby, Damasky, Homsy, Iskenderuny gurşap aldy. 1925-nji ýylyň oktýabrynda fransuzlar Damasky 48 sagatlap oka tutdular. 25 *müň* adam ýogaldy.

1925–1927-nji ýyllaryň gozgalaňy kolonizatorlary düzgüni birneme ýumşatmaga mejbur etdi. 1928-nji ýylda Uçreditel ýygnak döredildi. 8-nji awgustda onuň kabul eden Konstitusiýasy Siriýany fransuz mandatyny ykrar etmeýän garaşsyz döwlet diýip yglan etdi. Muňa jogap edip, ýokary komissar *Ponse* Uçreditel ýygnagy ýatyrdy. 1930-njy ýylyň Konstitusiýasynda ýurduň fransuzlara garaşlylygy kanuny taýdan berkidildi.

Dünýä ykdysady çökgünligi ýyllarynda ýurtda halk daşary ýurtlara närazylygyny olaryň harytlaryny boýkot etmek bilen ýüze çykardy. Halk tramwaýlara we otlulara münmesini, elektrik energiýasyndan peýdalanmagyny bes etdi. Portlarda hereket durdy diýen ýalydy. Daýhanlar tozup, açlyk ýörişlerini guradylar. 1933-nji ýylda fransuzlar Siriýanyň milli parlamentini dargatdylar. Emma milli azatlyk hereketiniň basyşy astynda 1936-njy ýylyň 9-njy sentýabrynda fransuz hökümeti Siriýada we Liwanda mandat düzgünini ýatyrmagyň şertleri hakdaky ylalaşyga gol çekdi. Ylalaşygy fransuz parlamenti tassyklandan soň, 3 ýylyň dowamynda Siriýa özbaşdaklyk berilmelidi. Fransiýa bilen ylalaşyga gol çekilenden soň, 1936-njy ýylyň 30-njy noýabrynda Siriýada parlamente saýlawlar geçirildi. Milli bileleşigiň öňbaşçysy *Haşim al-Atasi* ýurduň prezidenti boldy. Öň kiçeňräk özbaşdak döwletler hökmünde dowam eden Latakiýa, Jebel-Druz, El-Jezire Siriýanyň düzümine birikdirilýär. Fransuz parlamenti ylalaşygy wagty bilen tassyklamaýar.

1939-njy ýylda Siriýanyň ilatynyň 40%-i türkler bolan Hataý (Iskenderun) sanjagy Türkiýä berildi.

Ikinji Jahan urşy başlanandan soň, Siriýanyň ýerleri harby zolak diýlip jar edilip, ol ýerde adatdan daşary ýagdaý girizilýär. Emma Ikinji Jahan urşunyň başynda Fransiýanyň gysga wagtda ýeňilmegi bilen Siriýadaky fransuz eýeçilikleri Germaniýanyň eline geçýär. Indi Germaniýa bu ýerde öz harbylaryny ýerleşdirýär. Angliýa Siriýadaky nemes goşunlaryna garşy uruş hereketlerini alyp barýar. Şeýlelikde, Siriýanyň ýerleri uruş hereketleriniň alnyp barylýan ýerine öwrülýär. 1941-nji ýylyň iýulynda Siriýa soýuzdaş goşunlar tarapyndan eýelendi. 1941-nji ýylyň 27-nji sentýabrynda Siriýanyň garaşsyzlygy yglan edildi.

**Liwan** hem Fransiýanyň mandaty astyndady. Bu ýerde hem 1925–1927-nji ýyllarda daşary ýurt agalygyna garşy gozgalaňlar boldy. 1926-njy ýylyň maýynda Liwan respublika diýlip jar edildi. Dünýä ykdysady çökgünligi Liwanyň ykdysadyýetiniň esasy pudagy ýüpekçilige agyr zarba urýar. 1932-nji ýylda halk daşary ýurt konsessiýalaryny boýkot edýär. 1935-nji ýylda Fransiýanyň «*Reži*» kompaniýasynyň ýurtda temmäki önümçiligine monopoliýasyny gaýtadan dikeltmegi nägileligiň güýçlenmegine getirýär. 1941-nji ýylyň 26-njy noýabrynda Fransiýa Liwanyň garaşsyzlygyny ýüzleý yglan etdi. 1943-nji ýylyň sentýabrynda *Beşara al-Huri* Liwan Respublikasynyň prezidenti bolýar.

**Saud Arabystany.** Saud Arabystanynyň häzirki çäkleri Arabystan ýarymadasynyň 80% ýerini tutýar. XIX asyrda bu ýerde *I* we *II Saud döwletleri* döredilipdi. 1902-nji ýylda 22 ýaşly emir *Abdel Aziz ibn Saud* er-Riýady, 1904-nji ýylda bolsa Nežsaid eýeläp, wahhabylaryň emirligini dikeltmäge synanyşdy. Saudlaryň gaýtadan dikelmegine garşy bolan daşary ýurtlar *Hijazy* onuň garşysyna goýupdyrlar. Abdel Aziz 1914-nji ýylda osmanlar, 1915-nji ýylda bolsa iňlisler bilen dostluk we ýaranlyk barada şertnama baglaşypdyr. Emma 60 *müň* funt sterling subsidiýa berendigine garamazdan, iňlislere Nežsaid öz tarapynda Jahan urşuna goşmak başartmandyr.

Birinji Jahan urşundan soň Saud Arabystanynyň häzirki çäklerinde birnäçe kiçi döwletler bardy. Hijaz ýaly käbir emirlikler türk agalygyndan dynypdy, ýöne iňlisleriň täsirine düşüpdi. 1921-nji ýylda Angliýanyň koloniýalar ministri U.Çerçilliň başlyklyk etmeginde Kairde geçirilen maslahatda Hijazyň şerifi Hüseýiniň ogullary Faýsal bilen Abdallahyň Yraga we Transiordaniýa hökümdar bolmalydygy karar edilipdir. Bu olaryň Osman döwletine garşy göreşde iňlisleri goldamagyna bildirilen minnetdarlykdy. *Nežd emirligi* we *Şammar hanlygy* uruş döwri Osman döwletiniň ýaranlary hökmünde çykyş edipdiler. Olar öz aralarynda oňuşmaýardylar. Olaryň biri bir daşary döwlete gol ýapsa, beýlekisi ondan güýçlüräk döwlet bilen gatnaşjak bolýardy. Şeýdibem, olar daşary döwletleriň täsirine düşýärdiler. Ol kiçiräk döwletleri birleşdirmezden, sebiti ösdürmek mümkin däldi. Bu işiň başynda şol döwletleriň biriniň – Neždiň emiri *Abdel Aziz Ibn Saud* durdy. Ol 1918–1921-nji ýyllarda ýurdy birleşdirmek syýasatyna başlady. 1921-nji ýylda Neždde bolan nebere agzalarynyň ýygnagynda ol «*Neždiň we birleşdirilen ýerleriň soltany*» diýlip yglan edildi. Hijaz birleşmäge garşy boldy. Onuň koroly Hüseýin Halyfyň derejesine dalaş edýändigini yglan etdi. 1924-nji ýylyň iýunynda Abdel Aziz ähli musulmanlara ýüzlenip, Hüseýini halyf hökmünde ykrar etmezlige çagyrdy. 1924-nji ýylyň sentýabrynda Ibn Saudyň goşunlary Hijazyň çäklerine girdi. 1926-njy ýylyň 8-nji ýanwarynda Ibn Saud Hijazyň hem patyşasy diýlip yglan edildi.



*Abdel Aziz Ibn Saud*

1927-nji ýylda täzeden birleşdirilen döwlet resmi taýdan «*Hijaz, Nežd we birleşdirilen ýerler*» diýlip atlandyryldy. 1932-nji ýylda bolsa ol Saud Arabystany diýlip atlandyryldy. 1930-njy ýylda *Asir emirligi* hem oňa birikdirildi. Şeýdip, häzirki wagtdaky *Saud Arabystany* atly döwlet döredi.

Ýurdy birleşdirmegi tamamlap, Ibn Saud merkezi häkimiýeti berkitmäge girişýär. Döwlet tire-taýpa serdarlarynyň täsirini gowşatmaga gönükdirilen syýasat ýöredýär. Awtoulag ýollaryny gurmaga, radiotelegraf aragatnaşygyny ýola goýmaga girişilýär. 30-njy ýyllaryň ortalarynda Yrak, Ýemen, Kuweýt, Iordaniýa bilen serhetler kesgitlenilýär. Ýurda daşary ýurt maýa goýumlary aralaşyp başlaýar.

1933-nji ýylyň başynda ABŞ-nyň «*Standard Oil California*» (SOKAL) kompaniýasy Saud Arabystanynyň çäklerinde nebit gözlemek üçin 100 *müň* funt sterlinge konsessiýany satyn aldy. Soňra SOKAL paýnamalarynyň ýarpysyny «Texas Oil Company» kompaniýasyna beripdir. Ýurduň nebit baýlyklaryny işläp bejermek üçin, ABŞ bilen 60 ýyllyk şertnama baglaşylýar. Oňa laýyklykda, ABŞ ýurduň gündogaryndaky 400 *müň* mil çäkde nebiti gözlemäge ygtyýar alýar. Munuň öwezine ABŞ Saud Arabystanyna 50 *müň* altyn funt sterling karz bermelidi; nebit ýatagy açylýança, her ýyl 5 *müň* altyn funt sterling tölemelidi; nebit tapylansoň, arap hökü-

meti onuň her bir tonnasyndan 4 *şilling* altyn möçberinde paýyny almalydy. 1938--nji ýylda ilkinji nebit ýatagynyň üsti açyldy. 1939-njy ýylyň 1-nji maýynda ilkinji nebit ýüklenen tanker Saud Arabystanynyň kenaryndan daşary ugradyldy.

Ikinji Jahan urşunyň harby hereketlerine gatnaşmasa-da, uruş ýurduň ykdysadyýetine ýaramaz täsir etdi. Abdel Aziz 1940-njy ýylda Germaniýa, 1941-nji ýylda Italiýa bilen diplomatik gatnaşyklary kesdi. 1943-nji ýylda ABŞ lend-liz hakyndaky kanuny Saud Arabystanyna hem degişli etdi. 1944-nji ýylda ABŞ Dahranda awiasion bazany gurdy. 1944-nji ýylda «Arabian-American Oil Company» (ARAMCO) esaslandyrylýar.



*Ymam Ýahýa*

**Ýemen.** Ýemen Arabystan ýarymadasynyň iň hasylly oazisi hasaplanýar. Ýemen Demirgazyk we Günorta böleklerden ybaratdy. XX asyryň başynda Günorta Ýemen arap dünýäsiniň iň yzagalak sebiti bolupdyr. *Aden porty* ir döwürden bäri üstaşyr söwdanyň merkezi bolupdyr. Aden Angliýanyň koloniýasy, galan bölegi bolsa protektoraty astynda bolupdyr. Demirgazyk Ýemeniň ymamy *Ýahýa* Birinji Jahan urşy ýyllarynda ýurduň günortasyny iňlislerden arassalamak üçin halky aýaga galdyrypdyr.

1934-nji ýylyň 11-nji fewralynda Sanada Ýemen korollygy bilen Angliýanyň arasynda şertnama baglaşylýar. Oňa görä, iňlisler korollygyň garaşsyzlygyny ykrar edýärler, Ýahýa bolsa Günorta Ýemende öňki ýagdaýyň (*status-kwo*) saklanyp galmagyna razylyk berýär. Emma barybir Ýemende iňlislere garşy halk hereketi gowşamandyr. Angliýa azatlyk hereketini basyp ýatyrmak üçin, *Beduin legionyny* dörediрdir. 1937--nji ýylda Aden iňlis täjiniň koloniýasy diýlip yglan edilip, ol dolandyryş babatda Londona tabyn edilipdir. Ikinji Jahan urşy ýyllarynda Aden porty Angliýa üçin möhüm harby-strategiki nokada öwrülýär.

1934-nji ýylyň başynda Najran jedelli welaýaty meselesinde Ýemen bilen Saud Arabystanynyň arasynda harby çaknyşyklar boldy. Bir ýarym aýyň dowamynda Ýemen saud goşunlary tarapyndan eýelendi. Jedele Beýik Britaniýa we Italiýa goşulyp, Ýemeniň doly basylyp alynmagynyň öňüni aldylar. *Taif şertnamasyna* laýyklykda, (1934 ý. 23 iýun) harby hereketler bes edilýär. Ýemen Asiriň, Jizanyň we Najranyň bir böleginiň Saud Arabystanynyň düzümine girmegi bilen ylalaşdy.

Demirgazyk Ýemeni 1839-njy ýylda iňlisler Osman imperiýasynyň elinden alypdy. 1872-nji ýylda Ýemen gaýtadan osman tabynlygyna geçirilipdir. Ýurduň demirgazygy Birinji Jahan urşy ýyllarynda türkler bilen iňlisleriň uruş alyp barýan ýerine öwrülipdir. Ikinji Jahan urşy ýyllarynda demirgazygyň hökümdary Ýahýa han bitaraplyk syýasatyny alyp barypdyr. Ýahýa han Angliýa garşy durmak üçin faşistik Italiýa bilen ýakynlaşýar. 1941-nji ýylyň fewralynda Gyzyl deňziň kenarynda italýanlar ýeňlensoň, ol faşistik toparlanyşyk bilen gatnaşyklaryny kesýär.

**Pars aýlagyndaky arap ýurtlary.** Pars aýlagynda güýçli döwletleriň biri **Oman** (taryhy ady *Magan*) soltanlygydy. XIX asyryň başynda Oman *içki Omana* we *Maskata* bölünipdir. Olaryň gowşamagyndan peýdalanyp, Angliýa Pars aýlagynda işjeňligini artdyrypdyr. Angliýa «*Garakçylaryň kenaryndaky*» ýerleriň şeýhleri bilen 1820-nji ýylda olaryň mülklerini tabyn edýän şertnama gol çekipdir. Bu kenara «*Şertnamalaýyn Oman*» diýilmegi şu ýerden gelip çykýar. Oňa häzirki Birleşen Arap Emirlikleriniň çägi hem giripdir. XIX asyryň 20-nji ýyllarynda iňlislere Pars aýlagyndaky arap hanlyklaryny öz protektoratyna almak başartdy. Iş ýüzünde bu şertnama Pars aýlagynyň iňlisler tarapyndan koloniýa öwrülmegini berkiden ilkinji şertnamady. 1861-nji ýylda Angliýa Omany ikä – *Maskat* we *Zanzibar hanlyklaryna* bölýär. Kataryň, Bahreýniň, Kuweýtiň şeýhleri 1853-nji ýyla çenli bu şertnama gol çekmändirler.




1891-nji ýylyň gizlin ylalaşygy boýunça Maskatyň üstünden iňlis protektoraty ýola goýlupdyr. Şertnamalaýyn Omanyň çäginde iň güýçli taýpa serdarlary Abu-Dabide Nahaýýan, Dubaýda Maktum, Ajmanda al-Nuýami, Fujeýrada aş-Şarki, um-al-Kaýweýnde al-Muali neberelerine degişli bolupdyr.

1920-nji ýylda Oman ymamlygy Maskat soltanlygy bilen birleşdirilýär. Geçen asyryň 30-njy ýyllarynda Angliýa bu sebitiň nebit ýataklaryna gözegçilik etmäge üns beripdir. Omanyň soltany *Said bin Teýmur* 1937-nji ýylda «Iraq Petroleum Company» kompaniýasynda Omanda nebit gözlemäge we gazyp almaga 75 ýyllyk ygtyýarnama berýär. Bu baýlyklaryň bäsdeşleriniň eline geçmeginden gorkan iňlisler 1939-njy ýylda Şertnamalaýyn Omanyň tutuş çägine hem 75 ýyllyk konsessiýa alýarlar. Sebitde Ýewropany Uzak Gündogar bilen baglanyşdyrýan üstaşyr aeroportlaryň gurluşygyny güýçli depginde ýaýbaňlandyrypdyr. Hatda London Pars aýlagyndaky ýurtlar bilen Yragy, Transiordaniýany, Palestinany öz içine alýan «dostlukly arap federasiýasyny» döretmäge ymtylypdyr. Emma arap emirlikleri muňa garşy çykypdyrlar. Şarjada bolan gozgalaňyň netijesinde iňlisleriň guran aerodromy ýok edilipdir. Ikinji Jahan urşy ýyllarynda sebitde iňlis goşunlarynyň ýerleşdirilmegi, Bahreýne amerikan desantynyň düşürilmegi kolonial zuluma garşy göreşi güýçlendiripdir.



*Said ben Teýmur*

1880-nji ýylda Angliýa **Bahreýniň** şeýhiniň boýnuna protektorat şertnamasyny dakypdyr. 1892-nji ýylyň ylalaşygy boýunça Bahreýn özygtyýarlygyny doly ýitiripdir. Bahreýn nebiti ugrundaky iňlis-amerikan bäsdeşliginde ABŞ üstün çykypdyr. 1930-njy ýylyň 12-nji iýunynda «*Standard Oil Company of California*» paýdarlar jemgyýetiniň golçur kärhanasy – «*Bahrain Petroleum Company* (BAPCO)» şeýh Hamad bilen nebiti gözlemek we gazyp almak barada 69 ýyllyk konsessiýa alýar. Angliýa iňlisleriň tarapdary bolan şeýh Isa ben Aly al-Halefany (1869–1932) goldapdyr. 20–30-njy ýyllarda milli azat edijilik hereketiniň täsiri astynda Bahreýnde birnäçe özgertmeler geçirilipdir. 1934-nji ýylda iňlis parlamenti Bahreýne «garaşsyz döwlet» statusyny berenem bolsa, iňlisleriň syýasatyna närazylyk kemelmändir. *Şeýh Hamad ben Isa al-Halefa* (1932–1942) halk nägileliginiň öňüni alyp bilmändir. 1936-njy ýylda dür öndürijiler, 1938-nji ýylda BAPKO-nyň nebitçileri iş taşlapdyrlar. *Şeýh Salman ben Hamad al-Halefanyň* döwründe (1942–1961) Bahreýniň paýtagty Manama aýlagdaky iňlis mülkleriniň paýtagtyna öwrülipdir.

**Katar** VII asyrdan başlap Arap halyflygynyň, XIII–XIV asyrlarda Bahreýn emirleriniň, XVI asyrdan başlap portugallaryň golastynda boldy. 1871–1913-nji ýyllarda ýurt Osman döwletine tabyn boldy. *Şeýh Banu Hajir Kasem bin Muhammet* iňlis protektoratyny ykrar etmändir. XX asyryň başynda ýurduň ilaty bary-ýogy 20 *müň* adam bolupdyr. *Şeýh Abdalla ibn Kasem at-Tani* (1913–1948) 1916-njy ýylda Kataryň üstünden iňlis protektoratyny ýola goýan şertnama gol çekdi. Abdalla 20-nji ýyllarda özbaşdak içeri we daşary syýasat ýöretmäge ymtylypdyr. Oňa garamazdan, iňlisler 1932-nji ýylda Dohada aerodrom gurmaga rugsat alypdyrlar. 1935-nji ýylyň 17-nji maýynda «*Petroleum Development of Qatar*» atly iňlis-fransuz-amerikan-golland kompaniýasy 75 ýyllyk möhlet bilen Kataryň nebit ýataklaryny barlamaga, gazyp almaga ygtyýarnama aldy.

XIX asyryň ahyrynda Russiýanyň we Germaniýanyň Pars aýlagyna çykmak baradaky gyzyklanmasynyň artmagyndan çekinip, Angliýa **Kuweýte** bolan ünsüni güýçlendiripdir. 1899-njy ýylda baglaşylan gizlin ylalaşyga görä, Kuweýt iňlis protektoratlygyny ykrar edipdir. Bu Kuweýt dawasyna getiripdir. Angliýa bilen Osman döwletiniň arasyndaky gatnaşyklar ýitileşipdir. Germaniýa Osman soltanyndan Kuweýte çenli baryp ýetjek *Bagdat demir ýolunyň* gurluşygyna deslapky konsessiýany alypdyr. Türk soltany Kuweýtiň kenaryndaky iňlis floty bilen söweşmän, yzyna dolanmaly bolupdyr.

1901-nji ýylyň 6-njy sentýabrynda Angliýa bilen Osman imperiýasynyň arasynda baglaşylan ylalaşyga görä, Angliýa bir şert – Kuweýte goşun ibermezlik şerti bilen osman soltanynyň Kuweýtiň üstünden özygtyýarlygyny ykrar edipdir. Munuň öwezine Osman döwleti Angliýanyň Kuweýtdäki aýratyn gyzyklanmalaryna razylaşypdyr. Iňlis täsirini gowşatmak üçin Kuweýtiň emiri 1902-nji ýylda patyşa Russiýasynyň howandarlygyna geçmek barada ýüz tutupdyr. Emma ol netijesiz tamamlanypdyr. 1903-nji ýylda Hindistanyň wise-koroly lord Kerzonyň Pars aýlagy

boýunça gözegçilik sapary Angliýanyň bu sebiti öz gözegçiliginde saklajakdygynyň aýdyň subutnamasydy. 1913-nji ýylyň 29-njy iýulynda türkler Angliýa bilen Kuweýti awtonom çäk diýip yglan edýän şertnama gol çekmäge mejbur bolýar. Birinji Jahan urşunyň başlanmagy bilen, Kuweýt iňlis protektoratyna geçýär.

Dür söwdasy we balykçylyk Kuweýtiň ykdysadyýetiniň esasyny düzýärdi. Geçen asyryň 20-nji ýyllarynda Kuweýt nebiti ugrunda bäsdeşlik başlanýar. 1923-nji ýylda *emir Ahmet V* iňlisler bilen bu meselede gepleşiklere başlasa-da, ahyr netijede, «*Eastern Gulf Oil Company*» amerikan kompaniýasyna konsessiýa beripdir. Emma muňa Angliýa garşy bolupdyr. Geçirilen gepleşikleriň netijesinde 1933--nji ýylyň ahyrynda bilelikdäki iňlis-amerikan «*Kuwait Oil Company*» döredilýär. 1934-nji ýyldan başlap, ol Kuweýtde 75 ýyllap nebit gözlemäge we gazyp almaga monopol hukuk alýar. 1938-nji ýylda Burganda baý nebit ýatagynyň üsti açylýar. Ol Ikinji Jahan urşundan soň senagat taýdan işlenip başlanýar. Ýurduň garaşsyzlygy ugrunda göreşen «ýaş kuweýtlileriň» hereketi dargadylypdyr.

♦ **«Lewantlylar»** diýip Liwanyň çäginde ornaşyp, ýerli araplar bilen garyşan haçparazlaryň nesilleri göz öňünde tutulýar.

♦ 1905-nji ýylda siriýaly N.Azuri Parižde çap eden jarnamasynda Osman imperiýasyny we Magrip araplaryny goşmazdan, Aziýanyň araplaryny bir döwlete birleşdirmäge çagyrypdyr.

♦ Gadymy döwürde Tigr we Ýewfrat derýalarynyň aralygynda Yragyň çäginde **Akkad, Wawiloniýa, Assiriýa** döwletleri dowam edipdir.

♦ **Assiriýalylar (aýsorlar)** – Ýakyn Gündogar ýurtlarynda, ABŞ-da ýaşaýan halk. Umumy sany 350 *müň* adam (1992). Şol sanda Yrakda (120 *müň*), Eýranda (100 *müň*), Türkiýede (70 *müň*), Russiýada (10 *müňden* gowrak). Dili assiriýa, dini nestoriançylyk.

♦ **Druzlar** – yslam dininiň şaýy mezhebiniň ysmaýylit ugrundan bölünip aýrylan ugra uýýan araplaryň etnokonfessional topary. Adyny XI asyrda Müsürde we Liwanda öz garaýyşlaryny wagyz eden Muhammet ibn Ismail Naştakin ad-Daraziniň adyndan alyp gaýdýar. Druzlaryň aglabasy Siriýada (865 *müň*), Liwanda (280 *müň*), Ysraýylda (118 *müň*), Iordaniýada (20 *müň*) ýaşaýar. ABŞ-da, Kanadada, Fransiýada, Angliýada, Günbatar Afrikada, Karib deňziniň basseýnindäki ýurtlarda hem druz jemagaty ýaşaýar.

♦ **Ýemeniň** «al-Ýaman» ady arap dilinden **«sag tarap»** ýa-da **«bagt»**, **«abadançylyk»** diýlip terjime edilýär.

♦ **Zanzibar** – Hindi ummanynda häzirki Tanzaniýanyň garşysynda Afrikanyň gündogar kenarynda ýerleşen, 75 sany adadan durýan arhipelag. Arhipelagyň bir bölegi Zanzibar awtonomiýasyna girýär. 1861-nji ýylda Zanzibar soltanlygy Omandan bölünip aýryldy. 1890--njy ýylda britan protektoratyna geçdi. 1964-nji ýylda Zanzibaryň we Tanganikanyň häkimiýetleri **Tanzaniýa** atly bitewi döwlete birleşdiler. Iki döwletiň hem birleşdirilen adydyr.

♦ **Lord Kerzon «Ýaranlar ýeňşe nebit tolkunlarynda ýetdiler»** diýmek bilen, Birinji Jahan urşundan soň olaryň öz nebit monopoliýalarynyň agalygy üçin, arap dünýäsini paýlaşandygyny ýüz görmän aýdypdyr.

## § 10. Afrika 1900–1939-njy ýyllarda

**Afrika halklary.** XIX asyryň ahyrynda Tropiki we Günorta Afrika kolonial taýdan paýlaşylypdy. Beýik Britaniýa Demirgazyk-Gündogar, Günorta Afrikany bakna edipdi. Onuň koloniýalary 9 *mln* inedördül km bolup, bu çäkde 40–50 *mln* ilat ýaşaýardy. Fransiýa Günbatar we Ekwatorial Afrikada Angliýanyň çägi ýaly ýerleri koloniýasyna öwrüpdir. Kolonial basyp alyşlara gijräk başlan Germaniýa Gündogar, Günorta-Günbatar Afrikada 2,7 *mln* inedördül çäkde ýaşaýan 15 *mln* gowrak ilaty öz tabynlygyna geçirýär. Belgiýa öz çäginden gaty köp esse uly Kongony koloniýa edinýär. Italiýa Eritreýany we Somaliniň bir bölegini koloniýa öwrüpdir. Portugaliýa Angolada, Mozambikde, Gwineýanyň bir bölegindе hem-de birnäçe adalarda hojaýyndy. Ispaniýa Tropiki Afrikada Gwineýadan we käbir adalardan öz paýyny alypdy.

Birinji Jahan urşundan soň Afrikada bary-ýogy 3 döwlet garaşsyzdy. Olar Efiopiýa, Liberiýa we Günorta Afrika Bileleşigidir. Günorta Afrika Bileleşigini Ýewropadan gelen akýagyzlar birleşip döredipdiler.




*Ýewropa döwletleriniň Afrikadaky kolonial eýeçilikleri (metropoliýanyň baýdagy bilen şekillendirilen)*

Efiopiýa Afrikada gadymy döwletleriň biri bolup, ol garaşsyzlygyny goramak üçin kolonizatorlar bilen uzak wagtyň dowamynda berk göreş alyp barypdyr. Liberiýa ABŞ-nyň kömegi bilen 1847-nji ýylda öňki gullar tarapyndan döredilen döwletdi. Gulçulyk ýatyrylandan soň, ABŞ birwagtlar Afrikadan getirilen gullara erkinlik berip, olara ýer satyn alyp berip, Liberiýany döredipdi. Şol sebäpli hiç ýurt Liberiýany koloniýa öwürjek hem bolmandy. Liberiýa iki Jahan urşunyň aralygynda ABŞ-nyň kauçuk plantasiýasyna öwrülipdir. Ikinji Jahan urşunyň başlanmagy bilen, 1942-nji ýylyň iýulynda ýurda amerikan goşunlary getirilýär. 1943-nji ýylyň ýanwarynda ABŞ-nyň prezidenti F.Ruzweltiň Liberiýa sapary mahalynda Monrowiýada amerikan harby deňiz bazasyny gurmak barada ylalaşyk baglaşylýar.

**Efiopiýada 1930-njy ýyllaryň özgertmeleri.** Ýokarda aýdyşymyz ýaly, Efiopiýa Afrikada koloniýa öwrülmedik döwletdi. XX asyryň başynda Efiopiýanyň özbaşdaklygyny berkitmek üçin ýurduň patyşasy *Menelik II* (1889–1913) köp işler edýär. 1913–1916-njy ýyllarda onuň agtygy *Lij Iýasu* ýurdy dolandyrýar. Käbir Ýewropa döwletleri bilen ýakynlaşyp başlamagy 1916-njy ýylda onuň tagtdan agdarylmagyna getirýär. 1916-njy ýylda Efiopiýada patyşa tagtyna *Garry efiopiýallar* guramasy tarapyndan goldanylýan şa aýal *Zaudit* geçýär. Ol *Ýaş efiopiýalylaryň* ýolbaşçysy *Teferi Mekonyny* (1892–1975) hökümete getirmäge mejbur bolýar.

Teferi Mekonnynyň ýolbaşçylygyndaky ýaş efiopiýalylaryň işjeňligi artýar. Bu topar gulçulygyň ýatyrylmagyny, özgertmeleriň geçirilmegini, ýewropa nusgasynda bilimiň girizilmegini, daşarky dünýä bilen gatnaşyklaryň güýçlendirilmegini talap edýär.



Menelik II

Teferiniň tarapdarlarynyň sany artypdyr. Ýaş efiopiýalylar 1923–1924-nji ýyllarda gulçulygyň ýatyrylmagy we gullary azat etmegiň düzgüni hakynda permanlaryň çykarylmagyny gazanýarlar. Ýöne öý gulçulygy uzak wagt dowam edipdir.

1923-nji ýylda Efiopiýa Milletler Ligasyna girýär. 1928-nji ýylyň dekabr aýynda Beýik Britaniýanyň we Italiýanyň arasyndaky ylalaşyga görä, Efiopiýanyň demirgazyk-günbatary Beýik Britaniýanyň, gündogary Italiýanyň täsir zolagy diýlip ykrar edilýär. Emma halk köpçüligi muňa garşy çykýar. Italiýa iri ýer eýeleriniň kömegine daýanyp, Efiopiýada merkezi häkimiýeti gowşatmaga çalşypdyr.



Haýle Selassiýe I

Teferiniň tarapdarlary 1928–1930-njy ýyllarda merkezi häkimiýete garşy iri ýer eýeleriniň birnäçe çykyşlaryny basyp ýatyrýar. Teferi ýokary häkimiýeti öz elinde jemläp, 1930-njy ýylda Zaudit aradan çykandan soň, *Haýle Selassiýe I* ady bilen imperator bolýar. Ol Efiopiýany 1930–1975-nji ýyllarda dolandyrýar.

XX asyryň 30-njy ýyllarynda Efiopiýada ilkinji senagat kärhanalary peýda bolup başlaýar. Bu döwürde täze hökümdar birnäçe özgertmeler geçirýär. Efiopiýanyň administratiw bölünişigi üýtgedilýär. Welaýatlara gubernatorlar merkezi häkimiýet tarapyndan bellenilipdir. Ýewropa nusgasynda ministrlikler döredilipdir. Ýerli hanlaryň häkimiýetini çäklendirmek üçin, merkezden ýörite wekiller bellenipdir. Salgytlary ýygnamaklyk hem merkezi häkimiýetiň wekili tarapyndan geçirilipdir. Natural salgyt pul salgydy bilen çalşyrylypdyr. Goşuny özgertmeklige uly üns berlipdir.

1931-nji ýylda ýurduň ilkinji Konstitusiýasy kabul edilýär. Iki palataly parlament döredilipdir. Senatyň wekilleri imperator tarapyndan bellenilipdir. Deputatlar palatasy ýerli han-begleriň wekillerinden ybarat bolupdyr.

Haýle Selassiýe I kem-kemden Efiopiýada öz diýdimzorlyk düzgünini dikeldipdir. Ol ýurtda ähli döwlet meselelerini bir özi ýa-da öz köşgüniň adamlary bilen çözüpdir. Konstitusiýa boýunça imperatoryň parlamenti çagyrmaga we dargatmaga hukugy bolupdyr. Parlament hakyky häkimiýete eýe bolmandyr. Ol imperatoryň elinde oýnatgydy. Kazyýet ulgamynda hem özgertmeler geçirilipdir. Jenaýat kanuny, 1931–1935-nji ýyllarda gulçulygy ýatyrmak hakynda täze kanunlar kabul edilipdir.

**Efiopiýada italýan agressiýasy.** Italiýa 1932-nji ýyldan başlap, Efiopiýa garşy urşa taýýarlanýar. 1935-nji ýylyň 3-nji oktýabrynda uruş yglan etmezden, 200 *müňli* italýan goşunlary Efiopiýa çozýar. Uruş Italiýa üçin adalatsyz, basybalyjylykly, Efiopiýa üçin goranyş häsiýetli, adalatly uruşdy. Bu uruşda Italiýa bogujy gaz ulanýar. Harby uçarlary we bogujy gaz ulanyp, Italiýa 1936-njy ýylyň 2-nji maýynda ýurduň paýtagty Addis-Abebany basyp alýar. Imperator ýurtdan çykyp gitmäge mejbur bolýar. Ol Beýik Britaniýada ýaşap, şol ýerden Efiopiýadaky wakalara gözegçilik edipdir.




*Italýan Gündogar Afrikasy (ýaşyl reňkde)*

Efiopiýa italýan goşunlary tarapyndan basylyp alnyp, Italiýanyň koloniýasyna öwrülýär. Ýurt resmi taýdan *Italýan Gündogar Afrikasy* ady bilen 1936-njy ýylyň 1-nji iýunynda döredilen birleşmä birikdirilýär. Oňa Efiopiýadan başga-da, Eritreýa, Somali girýärdi. Garaşyz Efiopiýanyň Italiýa tarapyndan basylyp alynmagyna garşy Milletler Ligasy hiç hili çykyş etmändir. Ýogsam, Efiopiýa Milletler Ligasynyň agzasydy. Italiýanyň Efiopiýany basyp almagyny Ýewropanyň faşistik döwletlerinden başga-da, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Ýaponiýa ýaly döwletler hem ykrar edipdirler. Dogry, Beýik Britaniýa Ikinji Jahan urşy başlanandan soň, 1941-nji ýylyň noýabr aýynda Efiopiýany italýanlardan doly arassalamakda uly ýardam berýär. Imperator ýurduna dolanýar. Italýan agressiýasy döwründe 760 *müň* efiopiýaly öldürilýär.

**Angolada we Mozambikde portugal kolonial hökümetiniň syýasaty.** Angola we Mozambik Afrikada iň bir yzagalak ýerlerdi. Olaryň hojaýynlary – *metropoliýasy* bolan Portugaliýa hem Beýik Britaniýa ýa-da Fransiýadan gaty yzagalakdy.

Angola we Mozambik 500 ýyla golaý portugal eýeçiligi bolmak bilen, olarda ähli wezipeleri diňe portugallar eýeläpdirler. Portugaliýanyň kolonial syýasatynda şeýle bir aýratynlyk bardy. Ol hem Angolada we Mozambikde halk iki topara: *medeniýetli* (siwilizlenen) we *medeniýetsiz* (siwilizlenmedik) diýip bölünýärdi. Medeniýetli topara düşmek we doly hukukly portugal raýaty bolmak üçin ýerli ilat portugal dilini bilmelidi, ýazmagy, okamagy başarmalydy, hristiançylygy kabul etmelidi, harby gullugy geçmelidi, özüni we maşgalasyny üpjün eder ýaly girdejisi bolmalydy. Iň esasy bolsa, ýewropa durmuş obrazyny alyp barmalydy. Ýagny, bir söz bilen aýdylanda, ata-baba däp-dessurlaryndan ýüz öwürmelidi. Medeniýetli gatlagyň wekilleri beýlekilerden tapawutlandyrylypdyr. Emma ýokardaky talaplardan mälim bolşy ýaly, ol gatlaga düşmek ýeňil bolmandyr. Netijede, ýerli halkyň gaty az – 1%-ine golaýy medeniýetli gatlaga degişli bolupdyr.

Angolada we Mozambikde ýerli halkyň ýagdaýy Afrikanyň beýleki döwletlerindäkiden pes bolupdyr. Portugaliýa hem bu ýurtlaryň ykdysadyýetini ösdürmäge degişli uly iş etmändir.

**Günorta Afrika bileleşigi.** Afrikanyň günortasy 1910-njy ýylda döredilen *Günorta Afrika bileleşigine* (GAB) girýärdi. XIX asyryň 70–80-nji ýyllarynda almaz, altyn känleriniň açylmagy bu ýerleriň ähmiýetini has artdyrdy. Senagat we oba hojalygy, esasan, afrikalylaryň zähmeti esasynda saklanýardy. Bu ýerlere golland gelip çykyşly akýagyz ilat – *burlar* hojaýynçylyk edýärdi. Olar iňlisleriň bu baýlyklaryň hojaýyny bolmagyna ylalaşmadylar. Emma 1899–1902-nji ýyllarda dowam eden *iňlis-bur urşunda* burlar ýeňildi. Iňlis-bur urşy Afrikadaky uly uruşlaryň biridir. Ol paýlaşylan dünýäni paýlaşmak ugrundaky ilkinji uruşdy. Iňlisler bu uruşda söweş tärleriniň täze nusgalaryny dünýä görkezdiler. Bu uruşda taryhda ilkinji gezek pulemýotlar we uzak goranmak üçin niýetlenen garymlar ulanyldy. *Konsentrasion lagerler – bendihanalar* döredildi. Bu uruş Angliýa gymmat düşüpdi. Ol 20 *müň* esgerini ýitiripdi. 1902-nji ýylyň 31-nji maýyndaky *Ferinihing* ýaraşyk şertnamasyna görä, iňlis hökümeti burlara ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin 3 *mln* funt sterling tölemäge borçlandy. Bu taryhda ýeňijiniň ýeňlene öwez-tölegini töleýän ilkinji şertnamasydy. Iş ýüzünde bu urşa afrikanlar gatnaşmandy diýen ýaly. Ol akýagyzlaryň Afrikany gaýtadan paýlaşmak ugrundaky urşudy.

Iňlisleriň *Kap* we *Natal koloniýalarynyň* hem-de burlaryň *Transwaal* we *Mämişi kenar respublikalarynyň* birleşmegi netijesinde, 1910-njy ýylda *Günorta Afrika bileleşigi* döredildi. Ol Beýik Britaniýadan öz-özüni dolandyrmak (dominion) hukugyny aldy. *Mohandas Karamçand Gandi* 1906-njy ýylda Natalda hindi işçileriniň kemsidilmegine garşy ilkinji gezek raýat boýun egmezlik hereketini gurapdyr. 1913-nji ýylda kabul edilen «ýer hakyndaky» kanuna laýyklykda, afrikalylaryň ýere eýeçilik etmäge hukugy bolmandyr. Bu kanun afrikalylara «ak» fermeriň ýerinde ýylda 90 gün işläp bermek şerti bilen ýaşamaga mümkinçilik beripdir. 1912-nji ýylda aparteid zulumyna garşy göreşmek üçin *Afrikan milli kongresi* döredilýär.

Birinji Jahan urşy döwründe ýurduň ykdysadyýeti mese-mälim ösýär. Dünýä ykdysady gatnaşyklarynyň kesilmegi ýurduň içerki bazarynyň ösmegine şert döretdi. Täzeden işleýän senagat kärhanalarynyň sany 1915–1920-nji ýyllarda iki esse artýar. 1922-nji ýylda demir we polat eredýän kärhanalar döredilýär.

1929–1933-nji ýyllaryň dünýä ykdysady çökgünligi döwründe esasy kynçylyk halk köpçüliginiň gerdenine düşüpdir. Bu döwürde halkyň dolandyryjylara garşy göreşi güýçlenýär. Iki Jahan urşunyň aralygynda Günorta Afrika bileleşiginde ýerli halkyň akýagyzlar tarapyndan ezilmegi güýçlenipdir. Bu bolsa halk çykyşlarynyň ýaýbaňlanmagyna getiripdir.

Umuman, Ikinji Jahan urşunyň öňüsyrasynda Afrika halklarynyň kolonial taýdan ezilmegi güýçlendi. Urşa taýýarlanan döwletler öz koloniýalarynyň çig malyny talamagyny has-da güýçlendirdiler. Gambiýa we Senegal ýer hozuna, Zanzibar çigildeme, Uganda gowaça, Altyn kenar kakao, Günorta Rodeziýa temmäkä, Fransuz Gwineýasy banana we ananasa, Pil süňki kenary kofe we kakao, Keniýa kofe we çaýa, Gabon gymmatbaha agaçlary ýetişdirmeklige ýöriteleşdirildi. Ýaňy kemala gelýän senagat hem metropoliýa eksport etmek üçin, çig mal gazyp almaga ýöriteleşendi.



*Saad Zaglul paşşa*

**Birinji Jahan urşundan soň Müsürde azat edijilik hereketi.** Müsür Beýik Britaniýanyň gol astyndady. Birinji Jahan urşundan soňra arap ýurtlarynda, şol sanda Müsürde milli azat edijilik hereketi güýçlendi. 1918-nji ýylyň noýabrynda Müsüriň jemgyýetçilik wekilleri *Saad Zaglul paşşanyň* baştutanlygynda baş iňlis komissarynyň ýanyna wekilçilik ýollap, Müsüre garaşsyzlyk berilmegini talap etdiler. Iňlis hökümeti bu talaby ret edipdir we müsürlileriň wekilçiliginden has öňe saýlanýan dört sany ýolbaşçyny tussag edipdirler. Muňa jogap edip, 1919-njy ýylda Müsüriň halky garaşsyzlyk ugrunda göreşe aýaga galypdyr. Iňlisler gozgalaňy basyp ýatyrypdyrlar. Emma Garaşsyzlyk hakyndaky wagyzlar dowam edipdir. Wersal ýaraşyk şertnamasy Müsüriň üstünden ýüzleý ýagdaýda iňlis protektoratyny ykrar edipdir.

**Müsüriň garaşsyzlygynyň yglan edilmegi.** Iňlisler Müsürde 1921-nji ýyldaky gozgalaňy güýç bilen basyp ýatyrýarlar. Emma Beýik Britaniýa Müsüre garaşsyzlyk berilmese, ýurtda parahatçylyk bolmajagyny bilip, 1922-nji ýylyň 28-nji fewralynda Müsüriň garaşsyzlygyny resmi ykrar edipdir. Emma ol iňlis agalygynyň doly soňuna çykmady. Çünki iňlis hökümeti Sues kanalyny goramak, Müsüri daşary ýurt çozuşlaryndan goramak, Sudany dolandyrmaga gatnaşmak ýaly birnäçe hukuklary özünde saklapdyr. 1923-nji ýylda Konstitusiýa kabul edilipdir. Milli parlament, onuň we patyşanyň öňünde hasabat berýän hökümet döredilipdir. Onda


*Ahmet Fuad I*

*Wafd* partiýasynyň wekilleri agdyklyk edipdir. Konstitusiýa patyşa uly ygtyýarlyklary beripdir. Patyşa *Ahmet Fuad I* bolsa iňlis kolonizatorlarynyň emrini berjaý ediji bolupdyr. 1924-nji ýylda Müsür Angliýadan goşunlaryny çykarmagy, iňlis-müsür Sudanyny Müsür bilen birleşdirmegi talap etdi. Emma Wafdçylaryň bu talaby berjaý edilmedi.

Dünýä ykdysady çökgünligi Müsüriň ykdysadyýetine, ilkinji nobatda, pagtaçylyga agyr zarba urupdyr. Angliýa Müsüre özüniň nah mata senagatynyň çig mal daýanjy hökmünde seredýärdi. Şol sebäpli, ol bu ýurda pagta monokulturasyny ornaşdyryp, beýleki oba hojalyk ekinlerini gysyp çykarmaga synanýardy. Müsür gallany daşyndan satyn almaga mejburdy. Ykdysady kynçylyklar 30-njy ýyllarda ýurtda daşary ýurt agalygyna garşy gozgalaňlary güýçlendiripdir. Angliýanyň Müsüriň boýnuna dakmak islän täze şertnamasy halk nägileligini has-da artdyrdy. Wafd partiýasyndan bolan premýer-ministr *Nahhas paşşa* ony kabul etmekden ýüz öwürdi. Korol Fuad 1930-njy ýylda parlamenti ýatyryp, Nahhasy iş başyndan aýyrdy. Täze hökümete iri maýadarlaryň isleglerini beýan ediji *Ysmaýyl Sidki paşşa* getirildi. 1930-njy ýylyň iýul aýynda ýurduň iri şäherlerinde gozgalaňlar bolýar. Ol basylyp ýatyrylypdyr. Oktýabr aýynda Sidki paşşa 1923-nji ýylyň demokratik konstitusiýasyny ýatyryp, ony reaksion konstitusiýa bilen çalşypdyr. 30-njy ýyllarda Müsürde yslamy öz ýaragyna öwren *Musulman doganlar* partiýasy döredi. Yslam fundamentalistleri Müsüriň günbatarlaşmagyna, ýewropa nusgasyndaky özgertmelere garşydy.

1935-nji ýylda 1923-nji ýylyň konstitusiýasy dikeldilýär. 1936-njy ýylyň saýlawlarynda Nahhas paşşanyň baştutanlygynda wafdçylar gaýtadan hökümete gelýärler. 1936-njy ýylyň awgustynda Beýik Britaniýa bilen baglaşylan şertnamada iňlis basyp alyş düzgüni ýatyrylýar diýip nygtalsa-da, ol käbir babatda saklanyp galypdy. Iňlis ýokary komissary «ilçi» diýlip atlandyrylypdy. Kairde, Aleksandriýada, Sues kanalynyň etrabynda iňlis goşunlary saklanyp galypdy. Iňlis harby uçarlary Müsüriň çäklerinden uçup geçmäge hukuklydy, Müsüriň aerodromlary olar üçin açyk bolmalydy. Uruş howpy abananda ýa-da uruş ýagdaýynda Müsür Beýik Britaniýanyň plasdarmy bolmalydy. Şeýlelikde, 1936-njy ýylyň şertnamasy bir tarapdan Müsüriň özbaşdaklygyny berkitse, ikinji tarapdan Beýik Britaniýanyň Müsürdäki hukuklaryny kanunylaşdyrypdy.

1937-nji ýylda Müsür Milletler Ligasyna agzalyga kabul edildi.

**Magrib ýurtlary.** Magrib (arap. *el-Magrib* – «*Günüň batýan ýeri*») – orta asyr arap deňizçileri, geograflary, taryhçylary tarapyndan Müsürden günbatarda ýerleşen Demirgazyk Afrika ýurtlaryna berlen at. Oňa, adatça, *Alžir, Tunis, Marokko* degişli. Ýöne häzirki wagtda syýasy babatda *Uly Magrib* düşünjesi hem ulanylyp, oňa agzalan üç döwletden daşgary, *Liwiýa, Günbatar Sahara, Mawritaniýa* hem degişlidir. Mag-



Magrib ýurtlarynyň ýerleşişi

rib ýurtlary, esasan, Fransiýanyň kolonial mülkleridi. **Alžiriň** strategiki taýdan amatly ýerde ýerleşmegi Fransiýa Merkezi we Günbatar Ortaýer deňziniň kenarýakasyny öz gözegçiliginde saklamaga mümkinçilik berýärdi. XX asyryň başynda Alžirde 750 *müňden* gowrak fransuz hemişelik ýaşap, ol ýurduň ilatynyň 14%-ini tutýardy. Alžir Fransiýanyň çig mal çeşmesine we satuw bazaryna öwrülipdi. Goşunçylyga we päleçilige alynmagyna garşy Alžirde Banu-Şugranyň dagly ilaty we Auresiň berber ilaty 1914-nji ýylda ýaragly gozgalaň etdiler.

Birinji Jahan urşy tamamlanandan soň, rewolýusion täsirler bilen ýaraglanan 260 *müň* alžirliniň watanyna gaýdyp gelmegi bilen, ýurtda fransuz kolonizatorlaryna garşy göreş güýçlendi. Mundan gorkan fransuz hökümeti 1919-njy ýylda Alžirde fransuzlar bilen ýerli ilatyň arasyndaky salgyt deňsizligini ýatyrmaly boldular. Ilatyň barly gatlagyna ýerli öz-özüňi dolandyryş guramalaryna saýlaw hukugy berildi. Emma, barybir, deňsizlik saklanyp galdy – fransuzlar Fransiýanyň raýaty, araplar we berberler bolsa Fransiýanyň tabynlary diýlip yglan edilipdir.

Birinji Jahan urşy ýyllarynda fransuz goşunynyň serkerdesi bolup gulluk eden *Emir Halyd* 1920-nji ýylda «*Ýaş alžirli*» syýasy partiýasyny we onuň «*Edermenlik*» atly gazetini esaslandyrypdyr. Partiýa alžirlileriň fransuzlar bilen deňligini, jynsy kemsitmäniň ýok edilmegini, ýerli ilatyň fransuz parlamentinde wekilçilik etmegini talap edipdir. «*Demirgazykafrika ýyldyzy*» guramasy 1933-nji ýylda Alžiriň özbaşdaklygy şygaryny öňe sürüpdir.

Dünýä ykdysady çökgünligi Alžiriň ykdysadyýetine ýaramaz täsir edipdir. Dört ýyla çeken gurakçylyk zerarly çarwalar tozupdyr. Gowy durmuş gözleginde Fransiýa gelen alžirlileri fransuz hökümeti tutup, yzyna ugradypdyr. Ikinji Jahan urşy ýyllarynda Alžiriň fosforitleri, gara we reňkli metallary faşistik Germaniýa we Italiýa daşalypdyr.

**Tunis** 1881-nji ýylda Fransiýanyň protektoratyna öwrülipdi. XIX–XX asyrlaryň çatrygynda Tunis ýewropaly kolonistler tarapyndan işjeň özleşdirilipdi. Onuň çäginiň 7%-ini, hasylly ýerleriniň 10%-ini kolonistler eýeläpdiler. 20–30-njy ýyllarda Tunisi eýelemäge Italiýa hem ymtyldy. Iki Jahan urşunyň aralygynda Tunisiň syýasy durmuşynda «*Destur*» («*Konstitusiýa*») partiýasynyň täsiri uly boldy. 1934-nji ýylda kolonizatorlara garşy göreşi güýçlendirmegiň tarapdarlary *Habyp Burgibanyň* baştutanlygynda «Täze Destur» partiýasyny esaslandyrdylar.



*Rif respublikasyna garşy Alhusemasa ispan-fransuz desantynyň düşürilmegi*

1912-nji ýylda Fransiýa **Marokkonyň** üstünden protektorat düzgünini ýola goýdy. Ýurduň demirgazygy Ispaniýanyň dolandyrylmagyna berildi. Germaniýanyň talaby bilen Tanžer zolagy halkara gözegçiligindäki bitarap zolak diýlip yglan edildi. 1921-nji ýylda Marokkonyň *rif taýpalarynyň* 12-siniň birleşip, garaşsyzlyk ugrundaky başlan göreşi bütin dünýäniň ünsüni özüne çekdi. Olar *Muhammed Abd al-Kerimiň* ýolbaşçylygynda özbaşdak *Rif respublikasyny* jar etdiler. Birnäçe gezek ispan we fransuz goşunlaryny derbi-dagyn edip, Rif taýpalary baknalyga garşy ýaragly göreşiň ajaýyp nusgasyny görkezdiler. 1926-njy ýylda Fransiýa we Ispaniýa bilelikde harby uçarlary ulanyp, kynlyk bilen Rif respublikasynyň ýaragly göreşini basyp ýatyrmagy başardy.



*Muhammed Abd al-Kerim*




*Rif respublikasynyň çägi, tugrasy we baýdagy*

Iki Jahan urşunyň aralygynda Marokkonyň çig mallarynyň senagat taýdan özleşdirilişi başlanýar. Fransuz maýasynyň gatnaşmagynda demir ýollar gurulýar. Million gektardan gowrak hasylly ýer ýewropalylara berlip, fermer hojalyklary döredilýär. Fosfor we gymmatbaha metallar eksport edilip başlanýar. 1943-nji ýylda ýurduň garaşsyzlygyny talap edýän «*Esteglal*» («*Garaşsyzlyk*») partiýasy döreýär.

**Liwiýa.** XX asyryň başynda Liwiýa iki bölekden ybarat bolup, Osman döwletiniň tabynlygyndady. Olaryň birinjisi Tripoli welaýaty, ikinjisi bolsa Kirenaika sanjagydy. 1911–1912-nji ýyllardaky italýan-türk urşunyň netijesinde Liwiýany Italiýa eýeläpdi. 1917-nji ýylda Italiýa Gündogar Liwiýanyň uly bölegi bolan Kirenaikanyň garaşsyzlygyny ykrar edipdir. *Muhammet Idris as-Senusi* bu ýeriň emiri bolupdyr. 1918-nji ýylda *Tripoli respublikasy* jar edilipdir. Italiýa respublikany tiz ýok etmek üçin Tripolä garşy urşa taýýarlanypdyr. Emma Italiýanyň içerki ýagdaýlary bilen baglanyşykly uruş başlanmandyr. Iki tarap hem eglişige gidip, ylalaşyk baglaşylypdyr. Tripoli respublikalygyna galypdyr, emma ol Italiýanyň golastynda bolupdyr.



*Muhammet Idris as-Senusi*

Italiýa garaşly ýagdaýda ýaşamak Liwiýada emele gelen iki böleginiň – Kirenaikanyň we Tripoliniň liderlerine ýaramandyr. Bu iki sebitiň liderleri bileleşip, italýanlara garşy göreşmek barada gepleşikler geçiripdirler. Şeýle gepleşikleriň iň guramaçylyklysy 1922-nji ýylyň ýanwarynda bolupdyr. Tripoliniň liderleri Kirenaikanyň lideri *Idris as-Senusiniň* ýolbaşçylygynda italýanlara garşy bilelikde göreşmegi goldapdyrlar. Idris as-Senusi 1922-nji ýylyň oktýabrynda Tripoliniň we Kirenaikanyň emiri diýlip jar edilipdir.

Italiýada faşistleriň häkimiýete gelmegi bilen milli azat edijilik hereketi güýç bilen basylyp ýatyrylypdyr. 1931-nji ýylda Liwiýa doly italýan koloniýasyna öwrüldi. Ýurtda 100 *müňden* gowrak italýan kolonistleri ýerleşdirilipdir. Italýanlar Liwiýada arzan bahadan ýa-da zor bilen almak arkaly ýerli araplary ekerançylyk üçin amatly ýerlerden çykarypdyrlar. Olar fermer hojalyklaryny ýola goýupdyrlar. Umuman, italýan faşistleri Liwiýany öz çig mal ýapjasyna öwrüpdirler. 1939-njy ýylda Liwiýa ýüzleý ýagdaýda Italiýanyň bir bölegine öwrülipdir.

♦ **Burlar** («daýhan» manysynda) – Afrikanyň günortasynda ýaşaýan, golland gelip çykyşly akýagyz ilat. Bu at ilki XVIII asyrda Keýptaun koloniýasyndaky akýagyz ilat babatda ulanylan bolsa, soňra ol golland asylly ilat babatda ulanylyp başlapdyr.

♦ M.Gandi 1894-nji ýylda Natalyň Hindi kongresini esaslandyrypdyr.

♦ **Sesil Rods** – Günortaafrikan britan kompaniýasynyň agenti. 1888-nji ýylda Limpopo we Zambezi derýalarynyň aralygynda almaz känlerini özleşdirmäge ygtyýar alýar. Ol öz ady bilen bagly **Rodeziýa** (günorta Rodeziýa – häzirki Zimbabwe) koloniýasyny esaslan-

dyrýar. Ol portugallaryň elinden demirgazyk Rodeziýany (häzirki Zambiýa) hem alyp, demir ýollary çekip, bu ýeriň baý mis känlerini özleşdirýär, pagta, şekerçiňrik, temmäki, arahis plantasiýalaryny döredýär. 1890–1896-njy ýyllarda **Kap koloniýasynyň** premýer--ministri.

♦ **Müsür** ady Arabystan ýarymadasynyň we Alynky Aziýanyň halklarynyň gadymy «Misr» sözünden döräpdir. Olaryň dilinde ol **«ilatly ýer»**, **«şäher»** diýmekdir. Olar biri-birine ýakyn bolan şäherleriň, obalaryň köp bolandygy üçin, bu ülkäni şeýle atlandyrypdyrlar. Müsürlileriň özleri, türkmenler we dünýäniň köp ýurtlary bu ýurdy şol ady bilen atlandyrýarlar. Emma Ýewropa ýurtlarynyň köpüsinde Müsüriň gadymy greklerden galan **Ýegipet** ady ýörgünli.

♦ **Wafd** [arap. *Wekiliýet, wekilçilik*] – 1918–1953-nji ýyllarda Müsürde hereket eden iri syýasy partiýa. Saad Zaglul patyşa tarapyndan esaslandyryldy. Milli azat edijilik hereketine ýolbaşçylyk etdi. Milli buržuaziýanyň bähbitlerini aran bu partiýa intelligensiýanyň, pomeşşikleriň, ownuk buržuaziýanyň wekilleri giripdir. Partiýa Müsüriň doly garaşsyzlygyny gazanmagy maksat edinipdir. 1924, 1928, 1930, 1936–37, 1942–44, 1950–1952 ý. ýanwaryna çenli häkimiýetde boldy. 1952-nji ýylyň rewolýusiýasyna gatnaşmady. 1953-nji ýylda dargadyldy. Soňra Naseriň hökümetine garşy oppozisiýada boldy.

♦ Rif respublikasynyň garşylygyny basyp ýatyrmaga iberilen 250 müň adamly ispan--fransuz goşunyna marşal Peten serkerdelik edipdir. Uruşda himiýa ýaragy ulanyldy. Garşylyk görkezmegiň peýdasyzdygyna düşünen Abd al-Kerim boýun egýär. Ol Madagaskar adasynyň 700 km gündogarynda Hindi ummanyndaky Renuýon adasyna sürgün edilipdir.

♦ Berberleriň ata-babalary bolan liwiýalylar **Liwiýa** öz adyny beripdirler.

## V BAP. AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARY IKINJI JAHAN URŞY DÖWRÜNDE

**Ikinji Jahan urşunyň sebäpleri, başlanmagy we häsiýeti.** Birinji Jahan urşunyň jemini jemlän Wersal-Waşington şertnamalar ulgamynyň diňe ýeňen döwletleriň bähbitlerini göz öňünde tutmagy, ýeňlenleriň özlerini kemsidilen hasaplamagy ahmyrçyl faşistleri göreş meýdanyna getirdi. Germaniýada faşistleriň häkimiýet başyna gelmegi bilen, uruş döwlet syýasatyna öwrüldi.

Germaniýa, Italiýa, Ýaponiýa ýaly döwletleriň dünýä kartasyny öz ýurtlarynyň bähbitlerine özgertmek islegleri, Beýik Britaniýa, Fransiýa, ABŞ ýaly ýurtlaryň dünýäniň öňki ýagdaýyny saklamaga synanyşmaklary netijesinde dörän gapma--garşylyklar Ikinji Jahan urşuna getirdi. Parahatçylyk söýüji demokratik döwletler we dünýä jemgyýetçiligi urşa garşy agzybir göreşi gurap bilmediler.

1939-njy ýylyň 1-nji sentýabrynda Germaniýa uruş yglan etmezden, Polşanyň üstüne çozdy. Beýik Britaniýa we Fransiýa şol ýylyň 3-nji sentýabrynda Polşany goldap, Germaniýa garşy uruş yglan etdiler. Ikinji Jahan urşy başlandy. Öz ýurduny goraýan halklaryň alyp baran we Ýewropany faşistik howpdan azat etmek üçin faşizme garşy bileleşigiň döwletleriniň alyp baran uruşlary adalatly, Germani-

ýa hem-de onuň ýaranlary tarapyndan alnyp barlan uruş adalatsyz, basybalyjylykly häsiýetlidi.

**Uruş we Aziýa, Afrika ýurtlary.** Aziýa we Afrika halklarynyň aglabasy koloniýa ýa-da ýarym koloniýa bolandygy sebäpli, hojaýynlary olary uruş döwründe adam we çig mal çeşmesi hökmünde ulanypdyrlar. Afrika altyn we almaz gorlary boýunça dünýäde birinji ýerde durýardy. Ol beýleki gazma magdanlara hem baýdy. Ikinji Jahan urşy ýyllarynda onuň baýlyklary Ýewropa we Amerika ýurtlary tarapyndan peýdalanyldy. Mysallara ýüzlensek, 1940–1945-nji ýyllar aralygynda bu sebitden ABŞ-a çig mallaryň daşalyşy 265% artypdyr. Afrikadan 1 *mln* töweregi adamyň esgerlige alynmagy, 2 *mln* adamyň bolsa goşuna hyzmat etmek üçin işlerde ulanylmagy olaryň dünýä wakalaryndan habarlylygyny artdyrypdyr. Urşa giden afrikalylar gaýdyp gelenlerinden soň, ýaraglaryny kolonizatorlara garşy öwrüpdirler.

Aziýa we Afrika ýurtlarynda uruş bilen bagly uly özgerişler boldy. Mysal üçin, Ikinji Jahan urşunyň başlanmagy bilen, Yrak Germaniýa bilen diplomatik gatnaşyklaryny kesdi. 1941-nji ýylyň 1-nji aprelinde Germaniýany goldaýan serkerdeler Raşid Ali al-Gaýlaniniň baştutanlygynda agdarylyşyk geçirip, iňlislere gol ýapýan hökümeti kowdular. Muňa jogap edip, iňlisler Yraga goşun saldylar. Tomusda Yrak iňlisler tarapyndan doly eýelendi. Ýurtda harby düzgün girizildi. 1943-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda Yrak Germaniýa garşy uruş yglan etdi. 1943-nji ýylda başlanan kürtleriň gozgalaňyny diňe 1945-nji ýylda basyp ýatyrmak başartdy.

Afrikanyň demirgazygy we Orta Gündogar hem Ikinji Jahan urşy ýyllarynda uruş hereketleriniň alnyp barylýan ýerine öwrülipdi. Birinji Jahan urşundan tapawutlylykda, Ikinji Jahan urşunda Afrikada Saharadan günortada harby hereketler alnyp barylmady. Efiopiýa, Eritreýa, Somali italýan faşistleri tarapyndan basylyp alnypdy. Urşuň başynda Eritreýa we Efiopiýa bilen serhetleşýän Sudan italýan faşistleriniň çozuşyna sezewar edildi. Onuň käbir etraplary basylyp alyndy. Sudan Gündogar Afrikada Angliýanyň möhüm harby daýanç nokadyna öwrüldi. Italýan faşistlerine garşy Angliýa Sudandan Eritreýa, Keniýadan Efiopiýa we Somalä tarap hereket etdi. Ikinji Jahan urşunda Liwiýa Italiýanyň Müsüre çozmagy üçin daýanç nokady bolupdyr. 1941-nji ýylyň başynda Liwiýa nemes generaly Rommeliň «*afrikan korpusy*» düşürilipdir. 1941-nji ýylyň baharynda Somalide, Liwiýada, Sudanda, Efiopiýada, Müsürde alnyp barlan söweşler netijesinde italýan faşistleri derbi-dagyn edildi. 1943-nji ýylda faşistler Liwiýadan kowlup, ýurdy iňlis-fransuz goşunlary eýeläpdir. Ikinji Jahan urşunda ýeňlen Italiýa Afrikadaky eýeçiliklerinden (Somali, Eritreýa, Liwiýa) el çekmeli bolupdy. Ikinji Jahan urşunda Alžir german-italýan faşizminiň täsirine düşdi. 1942-nji ýylda Alžire iňlis-amerikan goşunlary düşürildi. Tunis 1942-nji ýylda nemesler tarapyndan eýelendi. Bu ýerde alnyp barlan söweşleriň netijesinde 1943-nji ýylyň maýynda nemes-italýan goşunlary boýun egdiler. 1942-nji ýylyň ahyrynda iňlis-amerikan goşunlary Alžirden we Marokkodan italýanlary we nemesleri kowup çykarypdyrlar. 1943-nji ýylyň iýunynda

Alžirli general Şarl de’Golluň baştutanlygynda fransuz Garşylyk görkeziş hereketiniň merkezine öwrüldi.

Uruş döwri Afrikadan alnan esgerler Demirgazyk Afrikada, Günbatar Ýewropada, Ýakyn Gündogarda, Birmada, Malaýziýada alnyp barlan harby hereketlere gatnaşdyrylypdyr. Olar, köplenç, kömekçi goşun birikmelerinde gulluk edipdirler. Eýsem, afrikalylaryň goşunyň bu görnüşinde gulluk etdirilmeginiň sebäbi nämedekä?! Ony, ozaly bilen, jynsy kemsitmäniň «tagmasy» diýip atlandyrmak dogry bolardy. Sebäbi kolonizatorlar «gara sebitiň» ýerli halkynyň ýaraglaryň häzirki zaman görnüşleri bilen içgin tanyşmagyny islemeýärdiler. Şonuň üçin afrikalylar goşunda aragatnaşykçynyň ýa-da sürüjiniň wezipesi bilen oňmaly bolýardylar.

Ikinji Jahan urşy ýyllarynda Müsüriň adam we ykdysady resurslary Beýik Britaniýa tarapyndan ulanyldy. Bu ýerde iňlisler tarapyndan *Ortaýer deňzi üpjünçilik merkezi* döredildi. Ol Müsüriň ykdysadyýetini öz gözegçiliginde saklamak bilen birlikde, soýuzdaşlaryň Ýakyn Gündogardaky güýçleriniň üpjünçiligine seredipdir. Harby ussahanalarda we harby-gurluşyk işlerinde 200 *müň* töweregi adam işledildi. Harby sargytlaryň artmagy we daşyndan harytlaryň gelmeginiň azalmagy uruş ýyllarynda ýerli senagatyň ösmegine getiripdir. Emma uruş halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrman, barha agyrlaşdyrypdyr. Pagta örän arzan bahadan satyn alnypdyr. Açlyk başlanypdyr.

Wafdçylar urşa gatnaşmazdan, iňlisler bilen hyzmatdaşlygyň tarapyny tutupdyrlar. Munuň öwezine olar uruşdan soň Müsürden iňlis goşunlarynyň çykarylmagyny, 1938-nji ýyldaky reaksion parlamentiň dargadylmagyny şert goýupdyrlar. 1942-nji ýylda faşistik Germaniýanyň Müsürde döwlet agdarylyşygyny geçirmek synanyşygy şowsuz tamamlandy. Iňlis goşunlary ilkibada Aleksandriýanyň golaýynda general *Rommeliň* goşunlarynyň çozuşyny togtatdy, 1942-nji ýylyň oktýabrynda bolsa el-Alameýniň eteginde olara agyr zarba urdy.

Ikinji Jahan urşy tamamlanandan soň, Afrikada milli azat edijilik hereketi güýçlendi. 1945-nji ýylyň oktýabrynda Mançestrde (Angliýa) geçirilen 5-nji Panafrikan kongresinde ähli afrikan koloniýalarynyň ýagdaýy ara alnyp maslahatlaşyldy. Ikinji Jahan urşy «gara sebitiň» oýanmagyna getirdi.

**Türkiýe we Hindistan Ikinji Jahan urşy ýyllarynda.** 1938-nji ýylda M. K. Atatürk aradan çykandan soň, Türkiýede bir partiýalylyk düzgünine garşy çykyşlar başlanypdyr. Ikinji Jahan urşunyň başynda Türkiýe özüniň bitaraplygyny jar etdi. Uruşýan taraplaryň arasyndaky garşylygy ýerlikli ulanyp, Türkiýe öz serhetleriniň bozulmazlygyny gazandy. Germaniýanyň we onuň ýaranlarynyň ýeňiljekdigine doly göz ýetirenden soň, Türkiýe 1945-nji ýylyň fewralynda Germaniýa we Ýaponiýa garşy uruş yglan etdi.

Ikinji Jahan urşy döwründe Hindistanda uruş hereketleri alnyp barylmady. Hindistanyň razylygyny almazdan, iňlisler ony 1939-njy ýylyň sentýabrynda Beýik Britaniýanyň tarapynda Germaniýa garşy uruşýan ýurt diýip yglan edipdirler. Uruş

döwründe Angliýa Hindistanyň adam we çig mal serişdelerini giňden peýdalanýar. Urşa gatnaşan hindi esgerleriň sany 2,5 *mln* ýetipdir. Olar dünýäniň dürli ýerlerinde iňlisleriň tarapynda bolup, uruş hereketlerine gatnaşypdyrlar.

1939-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda Hindi milli Kongresi Hindistanyň urşa gatnaşygy baradaky meselä seredýär. Onda kongres iňlis hökümetinden urşuň maksadyny düşündirmegi we geljekde Hindistan bilen Beýik Britaniýanyň arasynda syýasy gatnaşyklaryň nähili boljakdygyny anyklaşdyrmagy talap edipdir. HMK diňe Hindistanda milli hökümetiň döredilmegi we konstitusion gurluş berkarar edilen ýagdaýynda Angliýany uruşda goldajakdygyny aýdypdyr. Hindi milli Kongresi 1940-njy ýylda Hindistana özbaşdaklyk berilse, özüni ýapon howpundan gowy gorajakdygyny iňlislere ýetiripdir. Emma iňlisler teklibi jogapsyz galdyrypdyrlar. Mahatma Gandi iňlisleri Hindistana garaşsyzlyk bermäge mejbur etmek üçin, raýatlary boýun egmezlik hereketiniň täze tapgyryna başlamaga çagyrypdyr. Bu hereket başlanyp-başlanmanka, iňlisler tarapyndan basylyp ýatyrylypdyr. Herekete işjeň gatnaşýanlaryň 30 *müň* çemesi tussag edilipdir. Ýöne Hindi milli kongresiniň azatlyk ugrunda alyp baran göreşi netijesinde 1940-njy ýylda Beýik Britaniýanyň Hindistandaky wise-koroly ýurda uruşdan soň özbaşdaklyk beriljekdigi barada çykyş etmäge mejbur bolýar. Şundan soň Hindistandaky iň iri syýasy partiýa bolan Hindi milli kongresi uruşda Beýik Britaniýany goldamagyň zerurdygy barada wagyz işlerini geçiripdir.

1942-nji ýylda Angliýa uruşdan soň Uçreditel ýygnagy çagyrmaga söz beripdir, emma käbir welaýatlaryň we hanlyklaryň özbaşdak dominion bolup biljekdigini ýaňzydypdyr. Kongres muny kabul etmändir, Hindistana garaşsyzlyk berilmegini talap edipdir. Şol ýylyň awgustynda iňlisler bilen hyzmatdaşlyk etmezlik barada köpçülikleýin kampaniýa başlanypdyr. Kongresiň tussag edilen ýolbaşçylary we Gandi diňe 1944-nji ýylyň maýynda boşadylypdyr. 1942–1945-nji ýyllarda milli azatlyk hereketiniň öňüni almak üçin, iňlisler gazaply terrorçylyk işlerini alyp barypdyrlar. 1945-nji ýylyň tomsunda Simlada Kongresiň we Musulman Ligasynyň öňbaşçylary bilen geçiren gepleşiklerinde wise-korol iňlis täjiniň we parlamentiniň öňünde jogapkär bolan *Ählihindi ýerine ýetiriji geňeşini* döretmegi teklip edipdir. Emma ol syýasy däl-de, dini alamatlar boýunça döredilmeli bolansoň, partiýalaryň ikisem ondan boýun towlapdyrlar.

Urşuň ilkinji ýyllarynda Hindistanda hasylyň pes bolmagy we Siamyň, Birmanyň Ýaponiýa tarapyndan basylyp alynmagy netijesinde, ol ýurtlardan tüwiniň getirilmeginiň kesilmegi zerarly tüwiniň, bugdaýyň bahasy 5 esse ýokarlanýar. Munuň üstesine-de, salgytlar artdyrylýar. Netijede, 1943-nji ýylda Hindistanyň diňe Bengaliýa welaýatynda açlyk zerarly millionlarça adam heläk bolýar. Uruş döwri Hindistan Demirgazyk Afrikada urşa gatnaşýan iňlis we hindi esgerlerini azyk bilen üpjün edýärdi. Hindistanyň halklarynyň uruş döwründäki milli azatlyk hereketi rehimsizlik bilen basylyp ýatyrylypdyr.

Beýik Britaniýadan senagat harytlarynyň getirilmeginiň örän azalmagy netijesinde uruş döwri milli hindi senagat önümçiligi çalt ösýär. Jut, çaý önümçiliginde, kömür senagatynda hindiler iňlislerden paýnamalary doly satyn alypdyrlar. Bu döwürde Hindistan bilen ABŞ-nyň arasynda ykdysady gatnaşyklar ýygjamlaşýar. 1944–1945-nji ýyllarda ABŞ-nyň Hindistana eksportynyň möçberi 25,7%-e, importy 21,2%-e ýetipdir.

**Hytaý Ikinji Jahan urşy döwründe.** Ikinji Jahan urşunyň öň ýanynda, 1937--nji ýylyň iýul aýynda Ýaponiýa Hytaýa garşy urşa başlapdy. Bu döwürde Hytaý iş ýüzünde iki bölege bölünipdi. Hytaýyň, takmyndan, 50–100 *mln* ilatly Demirgazyk-Günbatar sebitlerinde Mao Szedunyň baştutanlygyndaky kommunistik partiýa hojaýynlyk edýärdi. Emma ýurduň esasy hojaýyny Çan Kaýşiniň ýolbaşçylygyndaky Gomindan partiýasydy. Onuň 4,6 *mln* çemesi goşuny bardy. Emma Çan Kaýşi ýapon basybalyjylaryna garşy ýurduň goranyşyny üpjün etjegem bolmaýardy. Ol ýaponlara garşy bütewi frontuň döredilmegine seretmezden, esasy duşman diýip kommunistleri hasap edýärdi we şolara garşy urşa taýýarlyk görýärdi. Bu bolsa ýaponlara uruş döwri Hytaýyň birnäçe ýerlerini ýeňillik bilen basyp almaga mümkinçilik beripdi. Kommunistler bolsa uruş döwri ýurdy gorap, halkyň arasynda abraý gazandylar.




*1940-njy ýylda Ýaponiýanyň Hytaýda basyp alan ýerleri (iňlis dilindäki karta)*

Ýaponlar Gomindan hökümetiniň gowy garşylygy gurap bilmejegini bilip, 1944-nji ýylda Hytaýa garşy aýgytly hüjümi guraýar. Gomindan goşunlary ýaponlar tarapyndan derbi-dagyn edilýär we günbatara yza çekilýär. Hytaýyň 60 *mln* ilatly birnäçe welaýatlary duşmana galdyrylýar. Bu ýagdaý Gomindanyň has-da abraýdan düşmegine getirýär.

1945-nji ýylyň awgustynda SSSR Hytaýyň demirgazyk-gündogaryndan Ýaponiýa garşy urşa başlaýar. Gysga wagtda Ýaponiýanyň kwantun goşuny derbi-dagyn edilýär. SSSR-iň Ýaponiýa garşy urşa goşulmagy we ýaponlardan alnan ýaraglary Hytaý kommunistleriniň goşunyna bermegi, olaryň güýçlenmegine sebäp bolýar. Hytaýda Ikinji Jahan urşy gutarsa-da, gomindançylar we kommunistleriň arasyndaky uruş gutarmandy.

**Sowet-iňlis goşunlarynyň Eýrana girizilmegi.** Germaniýa Eýrany öz tarapynda urşa goşmaga hyýallanýardy. Eger bu iş başa barmasa, Eýranda döwlet agdarylyşygyny geçirip, soňra Eýranyň ýerlerini öz harby maksatlary üçin ulanmakçydy. Beýik Britaniýa we SSSR Germaniýanyň bu niýetini duýup, şa hökümetinden faşistik howpy ýok etmegi talap etdiler. Eýran Germaniýa bilen ýakynlaşmagyny bes etmänsoň, U. Çerçilliň teklibi bilen 1941-nji ýylyň 25-nji awgustynda sowet we iňlis goşunlary Eýrana girizildi. 27-nji awgustda täze hökümet baştutany Forugi Eýrandan Germaniýanyň diplomatik wekillerini we içalylaryny çykarmaga söz berdi. Ýöne Reza şa Germaniýany goldamagyny bes etmedi. Emma ol şowsuzlyga uçransoň, 1941-nji ýylyň 16-njy sentýabrynda ogly *Muhammet Rezanyň* bähbidine tagtdan el çekdi we ýurdy taşlap gitdi. Ol 1944--nji ýylyň 26-njy iýulynda Günorta Afrikada – Ýohannesburg şäherinde aradan çykdy.



***Muhammet Reza Pehlewi** (1919–1980) – 1941–1979-njy ýyllarda Eýranyň 35--nji hem-de iň soňky şasy. 1925–1930-njy ýyllarda Pars kadet korpusynda, soňra Şweýsariýadaky Institut Le Rosey mekdep-pansionatynda, 1936–1938-nji ýyllarda Tährandaky serkerdeler mekdebinde okady. 1941-nji ýylda häkimiýete gelip, SSSR hem-de Beýik Britaniýa bilen ýaranlyk hakynda şertnama baglaşýar we Eýrany uruş hereketleriniň alnyp barylýan ýeri bolmak howpundan halas edýär. 1953-nji ýylda Mosaddygyň hökümeti häkimiýetden çetleşdirilenden soň, Günbatar ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy ösdürýär. 1960-njy ýyllarda özgertmeler syýasatyny durmuşa geçirip, Eýranyň ykdysady ösüşini çaltlandyrmagy başarýar. 1979-njy ýylyň rewolýusiýasy netijesinde häkimiýetden aýrylýar. 1980-nji ýylda Müsürde aradan çykýar.*

1942-nji ýylyň 29-njy ýanwarynda Tähranda iňlis-sowet-eýran şertnamasy baglaşylyp, SSSR we Beýik Britaniýa Eýrany faşistik howpdan gorap saklamaga söz berdiler. Eýran hem olara öz ýerlerini we harby desgalaryny uruş döwründe ulanmaga rugsat berdi. SSSR we Beýik Britaniýa uruşdan soň 6 aýyň dowamynda Eýrandan goşunlaryny çykarjakdygy barada ylalaşdylar. SSSR-iň we Beýik Britaniýanyň Eý-

rana goşun girizmegi eýran we türkmen halklary üçin hem bähbitli boldy. Çünki Germaniýa Eýranyň üsti bilen SSSR-e çozmagy-da niýet edinýärdi. Şeýle bolanda, Türkmenistanyň hem uruş alnyp barylýan ýere öwrülmegi mümkindi. Eýran 1943-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda Germaniýa garşy uruş yglan etdi. Emma ol uruş hereketlerine gatnaşmady.



*Britan goşunlarynyň Abadandaky nebiti gaýtadan işleýän zawoda girmekleri, 1941 ý.*

Uruş döwri Eýranyň ýerleri iňlisler we ruslar tarapyndan doly gözegçilik astynda saklanýardy. Eýrany iň amatly ýer hökmünde ykrar edip, soýuzdaşlaryň liderleri 1943-nji ýylda Tähranda maslahat geçirdiler.

1942-nji ýylyň ahyrynda ABŞ üstaşyr harby ýükleriniň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin Eýrana goşun girizip, Bender-Şahpur we Horremşehr portlarynyň hem-de Transeýran demirýolunyň günorta böleginiň üstünden öz gözegçiligini ýola goýdy. 1943–1945-nji ýyllarda Eýrana *Artur Milsponyň* ikinji amerikan missiýasy geldi. 1943-nji ýylda eýran-amerikan söwda şertnamasy baglaşyldy. Eýran hökümetiniň çäksiz ygtyýarlyklary berendigine garamazdan, bu missiýa şowsuz tamamlandy.

Eýranyň territoriýasynyň üsti bilen uruş döwri SSSR öz ýaranlaryndan ägirt köp kömek aldy. ABŞ we Beýik Britaniýadan SSSR-e berilýän harby ýükler Eýranyň portlaryna getirilip, şol ýerde harby tehnikalar düzülýärdi.

**Ýaponiýa we Ýuwaş ummandaky uruş.** Uzak Gündogarda urşy tutaşdyryjy Ýaponiýa bolupdy. Ol köpden bäri urşa taýýarlanýardy. 1931-nji ýylda *Mançžuriýany* basyp alandan soňra, ol ýerde Mançžou-go atly mançžur döwletini döretdi. Oňa 1912-nji ýylda ýaş çaga wagty Hytaý imperatory bolup, tagtdan agdarylan *Pu İ* baştutanlyk etdi. Emma Pu İniň bu gezek hem bagty çüwmändir. Ol Ýaponiýanyň diýeni boýunça döwleti dolandyrýardy. Bu döwlet iş ýüzünde oýnatgy döwletdi.

Ýaponiýa 1937-nji ýylyň iýulyndan başlap, Hytaýa garşy uruş alyp baryp, Ikinji Jahan urşy başlanýança, onuň uly bölegini eýeläpdi. Basylyp alnan Hytaý ýerlerinden we Ýaponiýa bakna bolan Koreýadan gelýän peýdanyň hasabyna ýaraglanyşygy güýçlendirýärdi. Ýaponiýa SSSR-iň garşysyna Hasan kölüniň (1938) we Halhin-Gol derýasynyň (1939) kenarynda uruş hereketlerini alyp bardy.

Ikinji Jahan urşy başlanandan soň, Ýaponiýa Ýewropadaky dawalara goşulmajakdygyny jar etdi. Emma Fransiýanyň uruşda ýeňilmegi bilen Ýaponiýa onuň Aziýadaky eýeçiliklerini basyp almaga girişdi. 1940-njy ýylyň 23-nji sentýabrynda Fransiýanyň Hindi-Hytaý ýarymadasyndaky bakna ýurtlaryna goşun girizdi.

Ýaponiýa SSSR-e garşy uzak wagtlap urşa taýýarlandy. Ol taýýarlygy gizlin saklamak üçin, SSSR-e birek-biregiň üstüne çozmazlyk hakynda şertnama baglaş-

magy teklip etdi. Sowet-ýapon gepleşikleri geçirilip, 1941-nji ýylyň 13-nji aprelinde birek-biregiň üstüne çozmazlyk hakynda şertnama baglaşyldy. Berlinde geçirilen ýapon-german gepleşiklerinde (1941-nji ýylyň mart–aprel aýlary) Ýaponiýa Germaniýanyň SSSR-e garşy urşuna goşulmaga-da razylaşdy.

1941-nji ýylyň ýazynda ýapon-amerikan gapma-garşylyklary barha ýitileşdi. Ýaponiýanyň Indoneziýada täsiriniň güýçlenmegine ABŞ-nyň garşy bolmagy ýapon-amerikan dawalaryny ýene-de güýçlendirdi. Ýaponiýa urşa taýýarlygyny gizlemek we wagt utmak üçin ABŞ bilen gepleşikleri geçirmegi teklip etdi. 1941-nji ýylyň martynda Waşingtonda ýapon-amerikan gepleşikleri başlandy. Gepleşiklerde ABŞ Ýaponiýanyň talaplarynyň esasy bölegi bilen razylaşdy, hatda Hytaýy eýelemegine-de garşy bolman, ony köşeşdirjek boldy. Emma Ýaponiýa ABŞ-a garşy uruşmak kararyna gelipdi.

**Ýaponiýanyň urşa goşulmagy.** 1941-nji ýylyň 2-nji iýulynda Ýaponiýanyň döwlet we harby ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda uly maslahat geçirildi. Onda Ýaponiýanyň urşa goşulmak meselesine seredildi. Maslahatda ABŞ we Beýik Britaniýa garşy urşa başlamak we Hindistana çenli Aziýa ýurtlaryny basyp almak karar edildi. Ýaponiýa bu döwre çenli Hytaýyň esasy bölegini we Fransiýanyň bakna ýurtlary bolan Wýetnamy, Laosy, Kambojany eýeläpdi.



*Nakgaş Robert MakKolluň Pýorl-Harbora çozuşa bagyşlanan suraty*

1941-nji ýylyň 7-nji dekabrynda Ýaponiýa ABŞ-nyň Gawaý adalaryndaky harby güýçleriniň (*Pýorl-Harbor bazasynyň*) üstüne duýdansyz çozup, urşa başlady. Ýaponiýanyň 360 sany harby uçary ABŞ-nyň harby bazasynyň üstüne çozuş gurap, ilkinji söweşde amerikanlaryň bu ýerdäki harby flotuny doly diýen ýaly hatardan çykardy. Yzysüre ýaponlar Günorta Hytaý deňzinde ýerleşen iňlis harby gämileriniň birnäçesini gark etdiler.

Ýapon basybalyjylary Tailanda (Siam) hem-de iňlislere bakna bolan Malaýziýa we Birma garşy çozuşa başlaýarlar. Dogrusy, Tailandyň özi ýaponlary çägine goýberdi. Birmada ýaponlar Subhas Çandro Bosuň baştutanlygynda hindi hökümetini döredýärler. Iňlis agalygyna närazylyk hökmünde hindiler hatda ýaponlar bilen hyzmatdaşlyk etmekden çekinmändirler.

ABŞ we Beýik Britaniýa Ýaponiýa garşy uruş yglan etdiler. Germaniýa we Italiýa hem ABŞ-a garşy urşa girişdi. Ýuwaş ummanda uruş başlandy.

Ýapon goşunlary tiz hem duýdansyz hereket edip, urşuň başynda uly üstünlikler gazandylar. Ýuwaş ummany sebitindäki urşuň ilkinji bäş aýynda Ýaponiýa Filippinleri, Singapury, Malaýziýany, Birmany, Tailandy, Indoneziýany eýeledi. Wýetnam, Laos, Kamboja we Hytaýyň köp ýerleri Ýaponiýanyň golastyndady.



*Ikinji Jahan urşy döwründe Ýaponiýanyň eýelän çäkleri*

Şeýlelikde, Ýaponiýanyň basyp alan ýerleri Günortada täze Gwineýadan başlap, Demirgazykda Aleut adalaryna çenli, Günbatarda Hindistandan başlap, Gündogarda Marşall adalaryna çenli ýaýrap, gaty giňäpdi. Koreýany we Hytaýy hasaba almanyňda, Ýaponiýanyň eýelän ýerleri 3,8 *mln* inedördül km barabardy. Hatda basyp alan ýerleri boýunça Ýaponiýa Germaniýadan hem öňe geçipdi. Ýaponiýanyň basyp alan ýerleriniň ilaty hem Germaniýanyň eýelän ýerleriniň ilatyndan köpdi.

Ýaponiýa Aziýadaky basyp alan ýerlerinde özüni olary ýewropaly kolonizatorlardan halas ediji hökmünde görkezmäge çalyşdy. Olaryň milli duýgularyny gozgamaga synandy. Meselem, Indoneziýa ýaponlar bu ýurduň milli baýdagyny göterip giripdiler. Olaryň milli lideri *Sukarnony* türmeden boşadyp, özi bilen hyzmatdaşlyk etmäge çekipdiler. Birmada Aun Sanyň we Subhas Çandro Bossuň baştutanlygyndaky goşun birikmeleri iňlis kolonizatorlaryndan ýurdy halas etmek tamasy bilen ýaponlaryň tarapyna geçipdirler. Ýaponlar tarapyndan basylyp alnan ýerlerde **«Üç A»** syýasaty, ýagny:

**«Ý a p o n i ý a** –
**A**ziýanyň lideri,
**A**ziýanyň howandary,
**A**ziýanyň parlak ýyldyzy» şygary ornaşdyrylmaga synanyşyk edilýärdi. Emma bu ideologiki wagyzlar ýaponlara uly üstünlik getirmedi.

Uzak wagtlap uruş alyp barmaga Ýaponiýanyň ykdysady mümkinçiligi ýokdy. Ol gysga wagtlyk – bir-iki ýyldan uzak bolmadyk uruşlara taýýardy. Tebigy baýlyklara garyp ýurt bolmagy uzak uruşlary alyp barmaga Ýaponiýa mümkinçilik bermeýärdi. Ikinji Jahan urşuna çenli Koreýany, Hytaýyň bir bölegini eýeläp, kolonial ýurda öwrülen Ýaponiýa ol ýerleriň tebigy baýlyklarynyň hasabyna urşuň başynda üstünlikli söweşleri alyp hem bardy. Emma eýýäm 1942-nji ýylyň ortalaryndan başlap, Ýaponiýanyň hüjümi saklandy. 1942-nji ýylyň 4–8-nji maýynda *Koral deňzindäki* söweşi, 1942-nji ýylyň 4–6-njy iýunyndaky *Midueý adalaryna* Ýaponiýanyň hüjümi şowsuz gutarýar. Şundan soňraky söweşlerde ruhy rüstemlik we harby artykmaçlyk amerikan-iňlis goşunlarynyň tarapynda bolup, Ýaponiýa goranyşa geçmäge mejbur boldy. Ýuwaş ummandaky urşuň hem, Günbatardaky ýaly, uzak dowam etjekdigi aýan boldy. Wagt bolsa ýaponlaryň garşydaşlarynyň hasabyna işleýärdi.

**Ýuwaş ummanda ýaponlaryň üstünden gazanylan ýeňişler.** Uruşda beýik öwrülişik Ýuwaş ummanda başlandy. 1942-nji ýylyň iýun aýynda Midueý adasynyň alkymynda amerikanlar ýaponlar bilen bolan gazaply söweşde ýeňiş gazandylar. Söweşde Ýaponiýanyň floty uly ýitgiler çekdi. Şu söweşden soňra Ýaponiýa deňizde agalyk etmegini ýitirdi we hiç wagt özüni dürsär ýaly bolmady. Ýaponiýa Ýuwaş umman sebitindäki uruşda goranyşa geçmäge mejbur boldy. 1943-nji ýylyň tomsuna çenli amerikan-iňlis goşunlary-da hüjüme geçmediler. Bu aralykda iki tarap hem täze söweşlere taýýarlandy. ABŞ harby uçarlary çekýän gämileri (awianoses) gurmaklygy güýçlendirdi, täze harby berkitmeleri gurdy. Ýaponlar goranyşy güýçlendirdiler.

1943-nji ýylyň ikinji ýarymynda iňlisleriň we awstraliýalylaryň goldamagynda amerikan goşunlary *Solomonow* we *Gilbert adalaryny* eýelediler. 1943-nji ýylyň ahyrynda ABŞ we Beýik Britaniýa Ýuwaş ummanda hüjüme başladylar. Ýöne 1944-nji ýylyň başyna çenli Ýaponiýa entek Ýuwaş ummanda we Günorta-Gündogar Aziýada, Hytaýda agalyk edýärdi.

1944-nji ýyldaky harby hereketler, esasan, amerikan-iňlis goşunlarynyň peýdasyna boldy. Amerikan goşunlary Ýuwaş ummanda *Marşall, Korolin, Marian* adalaryny eýeläpdiler. 1944-nji ýylyň oktýabrynda Filippinleri azat etmek ugrunda söweşler başlandy. Filippinleriň bir bölegi azat edildi. Iňlisler Birmada (häzirki Mýanma) ýaponlara garşy hüjüme başladylar. Filippinler azat edilenden soň ABŞ-nyň awiasiýasy Taýwany, Okinawany, hatda Ýaponiýanyň özüni yzygiderli howa hüjümine sezewar etdi. Yzygiderli bombalamalar hem-de onuň netijesinde dörän ýangynlar zerarly Tokionyň üçden iki bölegi tozduryldy. Hut şeýle ykbala ýurduň 206 sany iri şäherleriniň 97-si sezewar boldy.

Krym maslahatynda SSSR-iň Ýaponiýa garşy urşa goşulmagy hakyndaky mesele-de seredildi. Germaniýa boýun egdirilenden 2-3 aýdan soňra SSSR-iň Ýaponiýa garşy urşa başlamagy hakynda gizlin ylalaşyk baglaşyldy. Ruzwelt we Çerçill Günorta Sahaliniň we Kuril adalarynyň SSSR-e berilmegi hakyndaky Staliniň talaby bilen razylaşdylar.

1945-nji ýylyň başynda Ýaponiýa özüniň harby-ykdysady mümkinçiliginiň azalandygyna garamazdan, uzak wagtlap garşylyk görkezmäge ukyplydy.



*Ýapon kamikadze-uçarmanlary ölüme gitmegiň öňüsyrasynda*

1945-nji ýylyň martynda Ýaponiýa Wýetnamda döwlet agdarylyşygyny geçirip, bu ýerde imperator *Bao Daýyň* baştutanlygynda ýurduň ýüzleý garaşsyzlygyny yglan etdi.

1945-nji ýylyň ýazynda iňlis-amerikan goşunlary Filippinleri, Birmany azat etdiler. Indoneziýany azat etmek ugrunda söweşler başlandy. Ýaponiýa Germaniýanyň uruşda ýeňlendigine garamazdan, urşy dowam etdirdi. Ýapon harbylary urşy uzaga çekdirip, uruşdan soňky ylalaşygyň şertlerini ýumşatmak isleýärdiler.

Ýaponlar dürli keselleri ýaýradyjy bakteriologik ýaragyna bil baglaýardylar. Ýaponlar ähli goşun bölümlerinde diýen ýaly ölüme köre-kör taýýar bolan uçarmanlar toparlaryny – *kamikadzeleri* döredip, olara uly ynam edýärdiler. Kamikadzeleri uruşda ulanmagy admiral Onisi orta atypdy. Ol öz uçarlaryny amerikan gämileriniň üstüne gönükdirip, özi hem wepat bolýan uçarmanlary taýýarlamagy teklip edipdi. Olar ilkinji gezek 1944-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda Filippinleriň golaýynda söweşe girip, 1 sany amerikan awianosesine we 3 sany harby gämisine zyýan ýetirdiler. Uruş döwründe 1228 sany ýapon kamikadzesi wepat boldy. Olar 36 sany amerikan harby gämisini gark edip, kiçeňräk 368 harby gämisine-de kem-käs zyýan ýetirdiler. Kamikadzeler 5 *müň* amerikan esgeriniň wepat bolmagyna sebäp boldular.

**ABŞ-nyň Hirosima we Nagasaki şäherlerine atom bombasyny taşlamagy we onuň weýrançylykly netijeleri.** ABŞ dünýä jemgyýetçiligini, aýratyn-da, uruş ýyllary halkara abraýy mese-mälim artan SSSR-i gorkuzmak we öz harby kuwwatyny mazamlamak üçin, Ýaponiýa garşy uruşda atom bombasyny ulanmagy karar etdi.



*Hirosimanyň (çepde) we Nagasakiniň (sagda) üstündäki ýadro partlamasy wagtyndaky «kömelek»*




ABŞ 1942-nji ýyldan başlap atom bombasyny taýýarlamak boýunça «*Manhetten taslamasy*» adyny alan işleri ýaýbaňlandyrdy. Onuň üçin uran çig maly Belgiýanyň baknasy bolan Kongodan eltilipdi. 1945-nji ýylyň 16-njy iýunynda *Robert Oppengaýmeriň* baştutanlygynda bu iş üstünlikli tamamlandy. 1945-nji ýýlyň 16-njy iýulynda, Potsdam maslahatynyň başlanmaly wagtyndan bir gün öň ABŞ atom bombasyny Los-Alamos çöllüginde ilkinji gezek synag edipdi.

1945-nji ýylyň awgustynda ABŞ-da iki sany atom bombasy bardy. Şolaryň biri 1945-nji ýylyň 6-njy awgustynda *Hirosima*, beýlekisi 9-njy awgustda *Nagasaki* şäherleriniň üstüne taşlanyldy. Iki şäherden ýarym *milliona* golaý parahat ilat heläk boldy ýa-da maýyp edildi. Şäherleriň ikisi-de weýran boldy. Ýaponiýanyň uruşda ýeňiljekdigi görnüp duran ýagdaýynda, SSSR-iň Ýaponiýa garşy urşa goşuljak wagty atom bombasyny ulanmak harby zerurlyk däldi. Onuň harby zerurlyk däldigini soňra ABŞ-nyň hem-de beýleki ýurtlaryň harby we döwlet ýolbaşçylary birnäçe gezek tassykladylar.

Ýaponiýa häzirem atom betbagtçylygynyň yzasyny çekýär. Radiasiýa şöhlelenmesinden ejir çekenleriň nesilleriniň-de ömür tanapy wagtyndan öň kertilip dur. Adamzat taryhynda häzire çenli ilkinji we iň soňky atom bombasynyň parahat ilat babatynda ulanylan ýurdy Ýaponiýady.

**SSSR-iň Ýaponiýa garşy urşa goşulmagy.** SSSR Ýaponiýa garşy urşa goşulmak üçin 1945-nji ýylyň aprel aýyndan başlap, sowet-german urşundan boşan goşun bölümlerini Gündogara geçirip başlady. SSSR awgust aýynyň başyna çenli Uzak Gündogarda 1,6 *mln* esger, 5,5 *müň* tank, 3,9 *müň* harby uçar jemledi. Ähli taýýarlyk işleri gizlin geçirildi. Hatda Ýaponiýa güman etmez ýaly, harby serkerdeleriň atlaryny we harby derejelerini üýtgedipdiler. Mysal üçin, umumy ýolbaşçy edilip bellenilen Sowet Soýuzynyň marşaly *A.M.Wasilewskiý* Uzak Gündogara general-polkownik *Wasilýew* ady bilen gelipdi. SSSR-iň maksady Ýaponiýa garşy duýdansyz urşa başlamakdy.

Ýapon harby ýolbaşçylary SSSR-iň urşa goşuljagyny duýýardylar. Sebäbi SSSR 1945-nji ýylyň aprel aýynda Ýaponiýa bilen 1941-nji ýylda baglaşylan birek-biregiň üstüne çozmazlyk hakyndaky şertnamany ýatyrypdy.

Ýaponiýa SSSR-iň urşa goşulmagyndan howatyrlanyp, 1944-nji ýyldan başlap, Mançžuriýada, Demirgazyk Koreýada, Günorta Sahalinde harby goranyş desgalaryň ulgamyny döretmäge girişdi. Ýapon harbylary SSSR urşa goşulsa, berkidilen goranyş desgalarynyň üstünden uly ýitgiler çekip, kynlyk bilen geçer diýip çaklaýardylar. Gyzyl

Goşun geçmesi kyn *Uly Hingan daglarynyň* ýa-da köp suwly *Amur* we *Ussuriý derýalarynyň* üstünden geçer diýip ýaponlar asla-da pikir etmeýärdiler. Sowet harby serkerdeleri olaryň çaklamaýan ýerinden geçmegi dogry tapdylar.

1945-nji ýylyň 8-nji awgustynda SSSR Ýaponiýa garşy uruş yglan etdi. SSSR-iň Gyzyl Goşuny 9-njy awgustda Ýaponiýanyň Mançžuriýada ýerleşen 1 *mln* adamly *Kwantun goşunyna* garşy hüjüme geçdi. Germaniýa garşy uruşda taplanan, kämil ýaraglar bilen ýaraglanan sowet esgerleri, tejribeli harby serkerdeleriň ýolbaşçylygynda dagdan, derýadan, ýapon harby-goranyş desgalaryndan üstünlikli geçip, okgunly çozuşa başladylar. Agyr ýaragly goşuna uly Hingan daglaryndan geçmek aşa hupbatly boldy. Sowet goşunlarynyň gaty tiz hereket etmegi ýaponlara bakteriologik ýaragy ulanmaga mümkinçilik hem bermedi, kamikadzeleri-de olary ýeňlişden halas etmedi. Ýaponlaryň Hytaýyň jümmüşine yza çekilip, urşy uzaga çekdirmek baradaky niýetleri-de Sowet goşunlarynyň gaty tiz hereket etmegi bilen puja çykaryldy. Ýaponiýa öň beýle okgunly, tiz hereket edýän garşydaş bilen uruşmandy.



*Ýaponiýanyň gürrüňsiz ýeňlendigi hakda akta gol çekmegi*

1945-nji ýylyň 14-nji awgustynda Ýaponiýa uruşda ýeňlendigini ABŞ-nyň, SSSR-iň, Beýik Britaniýanyň, Hytaýyň hökümetlerine ýetirdi. ABŞ-da we Beýik Britaniýada iki günläp ýeňiş toýuny toýladylar. Emma Kwantun goşun bölüminiň tä 19-njy awgusta çenli garşylygyny bes etmändigi üçin sowet goşunlary hüjümini togtatmady. Iş ýüzünde, Ýaponiýa SSSR urşa başlandan soňra, bir hepdäniň dowamynda boýun egdirildi. Emma sowet goşunlary Koreýanyň demirgazygyny, Günorta Sahalini, Kuril adalaryny doly eýeleýänçäler, harby hereketleri dowam etdirdiler. 19-njy awgustdan soňra ýaponlar uly garşylyk görkezmediler. Ýaponiýanyň boýun egdirilmegine Hytaý, Mongoliýa, Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary, Koreýa, Täze Zelandiýa, Awstraliýa uly goşant goşdular. 1945-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda Tokio aýlagynda «*Missuri*» atly amerikan harby gämisinde Ýaponiýanyň doly boýun egýändigi hakynda akta gol çekildi. Uzaga çeken Ikinji Jahan urşy tamamlandy.

**Ýaponiýa bilen ýaraşyk şertnamasy meselesi.** Ýaponiýa bilen ýaraşyk şertnamasy meselesinde ABŞ bilen SSSR-iň arasynda gapma-garşylyklar ýitileşdi. Ýaponiýa uruşda ýeňlenden soňra, amerikan goşunlary tarapyndan eýelenipdi. Ýapon hökümeti dargadylyp, ýurdy amerikan harbylary dolandyrýardy. 1945-nji ýylyň ahyrynda Moskwada ABŞ-nyň, SSSR-iň, Beýik Britaniýanyň, Hytaýyň wekillerinden ybarat Arkadaşlar maslahaty we 11 döwletiň wekilleriniň gatnaşmagynda Uzak Gündogar komissiýasy döredilipdi.

1951-nji ýylda San-Fransiskoda Ýaponiýa bilen urşuň jemini jemleýän parahatçylyk şertnamasy baglaşyldy. Bu şertnama dünýäniň 49 döwletiniň wekilleri öz goluny goýdular. Emma HHR, SSSR öz talaplary hasaba alynmandygy üçin, Ýaponiýa bilen baglaşylan şertnama goşulmadylar. SSSR bilen Ýaponiýanyň arasynda ýaraşyk şertnamasy tä Sowet Soýuzy dargaýança-da baglaşylmady.

**Urşuň jemleri we sapaklary.** Ikinji Jahan urşy 1939-nji ýylyň 1-nji sentýabryndan 1945-nji ýylyň 2-nji sentýabryna çenli – 6 ýyllap dowam etdi. Uruş döwri 110 *mln* adam goşun gullugyna çagyryldy. Uruş şol wagtky 61 döwleti, Ýer togalagynyň 80% ilatyny öz içine aldy. 43 döwlet harby hereketlere gönüden-göni gatnaşdy. Uruş hereketleri Ýewropada, Aziýada, Afrikada, dünýäniň ähli ummanlarynda alnyp baryldy.

Ikinji Jahan urşunda soňky maglumatlara görä, söweşlerde, söweşlerde alan ýarasyndan 60 *mln* çemesi adam wepat boldy.

Uruşda Aziýa we Afrika halklary hem köp ýitgi çekdiler. Diňe Hindistandan 2,5 *mln*, Afrikadan 1 mln adam goşunçylyga alyndy. Harby hereketleriň, bombalamalaryň, repressiýalaryň, türmelerde gynamalaryň, açlygyň netijesinde Hytaý 10 *mln*, Indoneziýa 2 *mln*, Filippinler 1 *mln* adamyny ýitirdi. Bulardan başga-da, açlykdan, horlukdan ýogalyp, urşuň pidasy hökmünde umumy hasaba goşulmadyklar-da köp. Mysal üçin, uruş döwri Hindistanda 3,5 *mln*, Wýetnamda 2 *mln* adam açlykdan ýogalypdy.

Ýaponiýadan 2,5 *mln* adam wepat boldy. Bulardan başga-da, ägirt köp möçberde maddy zyýan çekildi. Birnäçe şäherler, obalar weýran edildi. Uruş döwri adamlary köpçülikleýin gyrýan ýaraglar köpeldi. Urşuň ahyrynda uzak aralyga atýan raketalar, hatda iň bir elhenç ýarag – atom bombasy ulanyldy.

Uruş tamamlanandan soň, harby Germaniýanyň, Ýaponiýanyň urşy başlan harby günäkärlerini jezalandyrmak üçin halkara harby kazyýet seljermesi guraldy. 1946-njy ýylyň 3-nji maýynda Tokioda halkara harby kazyýet seljerişligi başlandy. Ýapon harby jenaýatkärleri-de etmişlerine görä jezasyny çekmeli boldular. Kazyýet seljerişliginde 28 sany harby jenaýatça günä bildirildi. Halkara harby tribunaly 1948-nji ýylyň noýabrynda ýaponiýaly harby jenaýatçylaryň 7-sini ölüm jezasyna, galanlaryny dürli möhletli tussaglyga höküm etdi.

♦ **«Fakel» operasiýasy** – Demirgazyk Afrikany faşistlerden azat etmek boýunça iňlis-amerikan operasiýasy.

♦ 1281-nji ýylda ýapon adalaryny basyp almaga iberilen mongol-tatar harby gämilerini ýok eden harasada **«kamikadze»** diýlip at berlipdi. Ol **«Hudaýdan gelen şemal»** diýmegi aňladýar.

♦ Hiro Onoda atly ýapon esgeri Filippinleriň çetki adalarynyň birinde harby gullugyny ýerine ýetirýärkä, imperiýanyň boýun egendigini bilmändir. Ol ýene-de 27 ýylyň dowamynda garşydaş barada maglumat toplamagyny dowam etdiripdir.

**Hirosimanyň Parahatçylyk seýilgähinde** adaty bolmadyk ýadygärlik bar. Atom bombasyny ýatladýan bu binanyň depesinde duran gyzjagaz Sadako Sasaki durna çagajygyny elleri bilen kellesiniň ýokarsyna göterip dur. Ol 1000 sany kagyz durnany ýasasa, özüniň sagaljakdygyna çuňňur ynanypdyr. Emma 12 ýaşly gyzjagaz olaryň 644-sini ýasamaga ýetişip, bu ýagty jahan bilen hoşlaşýar. Ýaponiýada durnalaryň müň ýaşaýandygy, olaryň uzak ýaşamagyň alamatydygy hakdaky ynanç bu ýadygärlige hasam çuňňur many berýär. Şonuň üçin dünýäniň çar künjeginden bu ýere kagyzdan ýasalan durnalaryň iberilmegi geň däl.



*Hirosimadaky Parahatçylyk seýilgähindäki heýkel*

**Resminamalar we goşmaça maglumatlar**

**Üç döwletiň baştutanlarynyň Tähran maslahatyndaky Jarnamasyndan**

...Özümiziň dostlukly maslahatymyzy tamamlap, biz dünýäniň ähli halklarynyň zorluga, süteme sezewar edilmezden, erkin hem-de öz dürli arzuw-niýetleri we wyždany bilen ýaşajak gününe ynam bilen garaşýarys. Biz bu ýere ynam we dogumlylyk bilen geldik. Biz hakykatdan hem bu ýerden öz ruhumyz we maksadymyz boýunça dost bolup yzymyza dolanýarys.

**Çeşme:** *Улунян А.А., Сергеев Е.Ю.*
Новейшая история зарубежных стран. –М., 2000, – С.188.

# II BÖLÜM
# AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARY XX ASYRYŇ IKINJI ÝARYMYNDA – XXI ASYRYŇ BAŞLARYNDA

## I BAP. AZIÝADA KOMMUNISTIK DÜZGÜNLI DÖWLETLERIŇ DÖREMEGI

Aziýada Ýaponiýa garşy göreşde ýerli watançy güýçler berkäpdi, milli azatlyk hereketi ösüpdi. Urşuň ahyrynda ýerli watançylar öz ýurtlarynyň milli taýdan özbaşdaklygy ugrunda göreşe aýaga galdylar. Milli azatlyk hereketiniň gidişinde käbir ýurtlar diňe bir daşary ýurt sütemini ýok etmän, eýsem SSSR-däki ýaly sosialistik gurluşa geçmek ugrunda göreşdiler. Ikinji Jahan urşundan soň Germaniýany we Ýaponiýany ýeňmekde saldamly goşant goşan SSSR-iň abraýy dünýä ýüzünde has ösüpdi. SSSR-iň yzyna eýermäge isleg bildirýänler artypdy. Ine, şu ýagdaý Wýetnamyň, Koreýanyň, Hytaýyň kommunistleriniň işjeňliginiň artmagyna, SSSR-iň bolsa olara dürli kömekleri bermekligine getiripdi.




**Wýetnamda ählumumy gozgalaňyň başlanmagy. WDR-iň jar edilmegi.** Wýetnam XIX asyryň ortalaryndan başlap Ikinji Jahan urşuna çenli Fransiýa garaşly ýurtdy. Soňra ony Ýaponiýa basyp alypdy. Uruş Wýetnamy tozdurypdy. Uruş döwri Wýetnamda 2 *mln* adam açlykdan ýogalypdy.

Ikinji Jahan urşy döwründe Hindihytaý Kompartiýasynyň MK-nyň VIII maslahaty bolup, onda garaşsyzlyk ugrunda göreşmek üçin, *Wýetnamyň Garaşsyzlyk ligasy* atly front (*Wýet Min*) esaslandyrylýar. Wýet Miniň ýolbaşçylygynda partizanlar toparlary döredilýär.

1945-nji ýylyň martynda ýapon basybalyjylary döwlet agdarylyşygyny geçirip, *Bao Daýyň* ýolbaşçylygynda Wýet-

namyň garaşsyzlygyny jar edýärler. Şeýtmek bilen, ýapon basybalyjylary milli azat edijilik hereketiniň öňüni almaga çalyşýarlar. Emma ol ýaponlaryň elinde oýnatgy hökümetdi. SSSR-iň Ýaponiýa garşy urşa goşulmagy wýetnamly kommunistlere ýaragly gozgalaňa başlamak üçin itergi beripdir. Ýaponiýanyň derbi-dagyn edilýän pursady, öňki hojaýynlary – fransuzlar entek gaýtadan gelip ýetişmänkäler, Wýetnam wýetnamlylaryň özlerine galypdy. Şu amatly pursatda, 1945-nji ýylyň 13–15-nji awgustynda Hindihytaý kompartiýasynyň nobatdaky maslahatynda ählumumy ýaragly gozgalaňa başlamak karar edilýär. Wýet Min kommunistleriň teklibini goldapdyr. Watançylar *Ho Şi Miniň* ýolbaşçylygynda Milli komitet atly gozgalaňa ýolbaşçylyk etmeli topar döredipdirler. Ol iş ýüzünde Wýetnamyň wagtlaýyn hökümetidi.



***Ho Şi Miniň** hakyky ady Nguen Tat Than bolup, ol 1890-njy ýylda eneden dogulýar. Onuň kakasy oba mugallymy bolupdyr. Nguen ýaşlykda gowy bilim alypdyr. 1920--nji ýylda Fransuz kompartiýasynyň agzasy bolupdyr. 1924-nji ýylda SSSR-e gelipdir. 1941-nji ýylda ýurduna barypdyr we Ho Şi Min lakamyna duwlanyp, ýapon basybalyjylaryna garşy göreşe başlapdyr. Onuň ady soňra Saýgon şäherine dakyldy. Wýetnamyň Kompartiýasyny (1930), Hindihytaýyň Kompartiýasyny (1930), Wýet Mini (1941), Günorta Wýetnamy azat etmegiň Milli frontuny (1960) dörediji. Wýetnam Demokratik Respublikasynyň (1945) birinji prezidenti.*

Wýetnamdaky ýapon hökümeti Ýaponiýanyň imperatorynyň uruşda ýeňlendigini aýdandygyny eşidip, ruhdan düşüpdiler. Şonuň üçin olar wýetnamly watançylaryň hereketine uly bir garşylyk görkezmändirler. 1945-nji ýylyň 19-njy awgustynda Hanoýda rewolýusiýa ýeňýär. Rewolýusionerler häkimiýeti ele alýarlar. 24-nji awgustda imperator *Bao Daý* tagtyndan agdarylýar. 25-nji awgustda Saýgonda hem häkimiýet *Wýet Miniň* eline geçýär. Awgustyň ahyryna çenli Wýetnamyň ähli ýerinde häkimiýeti watançy rewolýusionerler eline alýar. Wagtlaýyn hökümet 1945-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda Wýetnamyň Garaşsyzlygy hakynda Jarnamany we Wýetnam Demokratik Respublikasynyň (WDR) döredilýändigini jar edýär. Respublikanyň prezidentligine *Ho Şi Min* saýlandy.



*Imperator Bao Daý*

**Koreýanyň ikä bölünmegi.** Koreýa 1910-njy ýyldan bäri Ýaponiýanyň koloniýasydy. Koreýa meselesi entek urşuň gidýän wagtynda soýuzdaşlaryň arasynda dawaly meselä öwrülipdi. 1943-nji ýyldaky Kair jarnamasynda ABŞ, Hytaý, Beýik Britaniýa we Hytaý geljekde «Koreýanyň erkin we garaşsyz döwlet boljakdygyny» jar etdiler. ABŞ we SSSR Koreýany ýapon basybalyjylaryndan halas etmek üçin 38-nji parallelden bölmäge ylalaşdylar.

Ikinji Jahan urşunyň ahyrynda Koreýada 2 *mln* çemesi işçi bardy. Işçileriň sanynyň artmagy Koreýada azatlyk hereketiniň başlanmagyna getirdi. Ikinji Jahan urşy

 


döwründe *Kim Ir Seniň* ýolbaşçylygynda koreýler partizançylyk hereketini alyp bardylar. Käbir etraplardan ýapon basybalyjylaryny kowmagy hem başardylar. Emma SSSR Ýaponiýa garşy urşa girýänçä Koreýany azat etmek başartmady. Koreýadaky azatlyk hereketi 1945-nji ýylyň awgust aýynda täzeden güýçlenýär. 1945-nji ýylyň awgustynda sowet goşunlary Koreýanyň demirgazygyna girdi. Sentýabrda bolsa Günorta amerikan goşunlary düşürildi. Koreý ilaty sowet goşunlaryny dabaraly garşy alýarlar, 38-nji parallele çenli aralygy SSSR ýaponlardan azat etdi. 38-nji parallelden günortasyny ABŞ-nyň goşunlary azat etdi. Iki bölegiň arasynda wagtlaýyn araçäk, ýagny *demarkasion zolak* geçirilýär.

**Koreýa Respublikasynyň we KHDR-iň döremegi.** Koreýa meselesi soýuzdaşlaryň arasynda dawaly meselä öwrüldi. Şonuň üçin 1945-nji ýylyň dekabrynda soýuzdaşlaryň daşary işler ministrleriniň Moskwa maslahaty bolýar. Onda Koreýa meselesi boýunça biri-birine garşy iki garaýyş döreýär. SSSR-iň teklibi boýunça Koreýada bitewi demokratik döwlet döretmek barada karar kabul edilýär.



*Demirgazyk we Günorta Koreýanyň baýdaklary*

Emma onuň kararlary bozulyp, SSSR Koreýanyň demirgazygynda, ABŞ günortasynda özlerine amatly özgertmeler geçirip başlaýarlar. Meselem, Demirgazyk Koreýada 1946-njy ýylyň fewralynda 20 bölümden ybarat maksatnama kabul edilip, şol boýunça demirgazyk Koreýanyň wagtlaýyn hökümeti döredilýär. Bu hökümet 1946-njy ýylda agrar özgertmeleri geçirip, iri ýer

eýeleriniň ýerlerini elinden alýar. 1946-njy ýylyň awgustynda senagat millileşdirilip başlanýar. Öňki dönükleriň, Ýaponiýa bilen işleşen adamlaryň zawod-fabrikleri ellerinden alynýar, demir ýollar millileşdirilýär. 1946-njy ýylyň awgustynda kompartiýa özüne ýakyn partiýalar bilen birleşip, *Demirgazyk Koreýanyň zähmet partiýasy* döredilýär.

Ähli Koreýa üçin Wagtlaýyn hökümeti döretmegiň jikme-jikliklerini maslahatlaşmak üçin, 1946-njy ýylyň martynda Seulda ýygnanan sowet-amerikan topary iki tarapy hem kanagatlandyrýan ylalaşygy gazanyp bilmeýär. Bu toparyň 1947-nji ýylyň sentýabryndaky ikinji mejlisi hem netijesiz gutarýar. Şeýle bolansoň, ABŞ Koreýanyň garaşsyzlygy hakyndaky meseläni BMG-niň garamagyna hödürleýär. 1947-nji ýylyň noýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy öz gözegçiligi astynda Koreýada ählumumy saýlawlary geçirmek barada Rezolýusiýa kabul edýär. Emma Sowet Soýuzy ony ýerine ýetirmekden boýun towlapdyr hem-de öz gözegçiligindäki Demirgazyk Koreýa BMG-niň toparyny goýbermändir. 1948-nji ýylyň aprelinde Phenýanda Demirgazyk we Günorta Koreýanyň 56 sany syýasy partiýasynyň wekilleri birleşip, ABŞ-nyň we SSSR-iň hökümetlerine birwagtda ýurtdan goşunlaryny çykarmagy teklip edýärler. Emma muňa jogap beren bolmandyr.

BMG-niň gözegçiligi astynda ýurduň 38-nji parallelden günortasynda 1948-nji ýylyň 10-njy maýynda ilkinji saýlawlar geçirildi hem-de 15-nji awgustda *Koreýa Respublikasynyň* döredilýändigi jar edildi. Onuň prezidenti *Li Syn Man* bolýar. Muňa jogap edip, 1948-nji ýylyň awgustynda ýurduň demirgazygynda saýlawlar geçirilýär, 9-njy sentýabrynda Demirgazyk Koreýada *Koreýa Halk Demokratik Respublikasynyň (KHDR)* döredilýändigi jar edilýär we onuň ýolbaşçysy *Kim Ir Sen* bolýar. Ýurtdan sowet we amerikan goşunlary çykarylýar. SSSR-iň täsiri astynda döredilen KHDR sosialistik özgertmeler ýoluna düşýär.



*Li Syn Man*

Şeýlelikde, ABŞ-nyň we SSSR-iň alyp baran syýasatlary netijesinde Koreýa *38-nji parallel* boýunça iki bölege bölündi. Demirgazyk Koreýada Kim Ir Seniň ýolbaşçylygynda SSSR-iň täsiri bilen birnäçe çäreler, sosialistik özgertmeler geçirilen bolsa, Günorta Koreýada ABŞ-da ýaşaýan koreý Li Syn Man getirilip, döwlet ýolbaşçysy diýip jar edilýär. Li Syn Man bazar ykdysadyýetiniň tarapdarydy. Ençeme synanyşyklaryň edilendigine garamazdan, bu iki bölegi birleşdirmek koreý halkyna uzak wagt bäri başartmaýar.



*Kim Ir Sen*

**Koreýadaky 1950–1953-nji ýyllardaky uruş.** Uruşda ýeňlen Ýaponiýanyň koloniýasy bolan Koreýany paýlaşmak meselesinde ABŞ we SSSR oňuşmandyr. Şol ikisiniň



*Koreýa urşunyň başlanan ýeri*

täsiri bilen Koreýa ikä bölünipdi. Iki bölegi birleşdirmäge synanyşyklar hem bolupdy. Emma SSSR we ABŞ öz täsirindäki bölegi goldap, «öz Koreýasynyň» beýlekisini eýelemegini isläpdi. Şeýle usulda birleşdirjek bolmaklyk 1950–1953-nji ýyllardaky iki Koreýanyň arasyndaky urşa getiripdi. Öz döwründe SSSR we onuň tarapdarlary Günorta Koreýanyň urşa ilki başlandygyny aýdypdylar. Emma iş ýüzünde tersine KHDR-iň goşunlary Günorta Koreýa çozup, ilki urşa başlapdylar. Hytaý meýletinçileri Demirgazyk Koreýanyň tarapynda durup urşa goşuldylar. SSSR Demirgazyk Koreýa iň täze harby tehnikalary we harby maslahatçylaryny, uçarmanlary ibermek bilen ýardam berdi. ABŞ Günorta Koreýany goldap (BMG-niň goldamagy bilen), urşa gatnaşdy. SSSR ABŞ-ny, ABŞ SSSR-i urşuň başlanmagynda aýypladylar. Şeýlelikde, Ikinji Jahan urşundan soňra, ilkinji uly halkara dartgynlylygy döredi. ABŞ we SSSR Koreýada «*gylyç çaknyşdyryp*» gördüler. Güýçler deňeçer geldi. 1953-nji ýylda Koreýa urşy hiç hili ýeňijisiz tamamlandy. Koreý urşy 4 *mln* adam pidasyna getirdi. Serhetler öňküligine galdyryldy. Uruş koreý halkyny bir bütewi döwlete birleşdirmekligi maksat edinenem bolsa, bu meseläni çözüp bilmedi.

Koreýanyň Demirgazygynda kommunistik düzgünli, Günortasynda bazar ykdysadyýetli döwlet döredildi. SSSR we ABŞ-nyň hersi öz gözegçiligindäki böleklere hemmetaraplaýyn ýardam berdiler. 1949-njy ýylyň 17-nji martynda Moskwada SSSR bilen KHDR-iň arasynda Demirgazyk Koreýa maliýe-ykdysady kömegini bermek barada ylalaşyga gol çekildi. 1953–1960-njy ýyllarda sosialistik lageriň ýurtlary KHDR-e yzyna gaýtarmasyz şert bilen 750 *mln* rubl möçberinde (şonuň 292 *mln* rubly SSSR-e degişli) ykdysady ýardam berdi. Şol berlen kömegiň esasynda KHDR-de 50 sany senagat kärhanasy dikeldildi ýa-da täze guruldy. 1945–1968-nji ýyllarda ABŞ Günorta Koreýa 7,4 *mlrd* dollar möçberinde kömek berdi. 1950-nji ýylda Li Syn Manyň hökümeti agrar özgertme geçirdi. 900 *müň* daýhana ýer bölekleri paýlanyp berildi.

**Hytaýda 1946–1949-njy ýyllaryň raýatara urşy.** Ikinji Jahan urşunyň ahyrynda SSSR Hytaýyň Mançžuriýa welaýatyny ýaponlardan azat etdi. Iki ýurduň arasyndaky ylalaşyga görä, 1946-njy ýylyň maýyna çenli bu ýerde sowet goşunlary saklanyp galdy. Ikinji Jahan urşy tamamlanandan soňra, Hytaýda syýasy ýagdaý dartgynly bolmagynda galýardy. Çan Kaýşiniň ýolbaşçylygyndaky *Gomindan partiýasy* bilen Mao Szedunyň baştutanlygyndaky *Hytaýyň Kommunistik Partiýasynyň* (HKP) arasynda göreş dowam edýärdi. 1937–1945-nji ýyllardaky ýapon basybalyjylaryna garşy hytaý halkynyň watançylyk urşy döwründe Gomindan we HKP-niň arasynda wagtlaýynça oňşuklylyk dowam edipdi. Umumy duşmana – ýaponlara garşy olar bi-

lelikde göreşdiler. Emma uruş gutarandan soňra, agzalan partiýalaryň ikisi-de öz gurultaýlaryny geçirip, biri-birininiňkä düýbünden çapraz gelýän maksatnamalary kabul edipdiler. Olaryň diňe biri durmuşa ornaşdyrylyp bilinjekdi, diýmek, bu iki partiýanyň arasynda uruş gutulgysyzdy.

Gomindan partiýasy Hytaýy 1927-nji ýyldan bäri dolandyrýardy. Emma partiýanyň ýolbaşçysy Çan Kaýşiniň Hytaýyň ähli ýerine hökümi ýöremeýärdi. Ýurt iki bölege bölünip, onuň uly bölegi Çan Kaýşiniň garamagyndady. Hytaýyň 300 *mln* ilatly bölegini Gomindan dolandyrýardy, 100 *mln* ilatly Demirgazyk-Gündogar bölegine (Mançžuriýa) bolsa kompartiýa hojaýynçylyk edýärdi. Iki tarap hem sözde ýurdy parahatçylykly birleşdirmek barada çykyş etseler-de, iş ýüzünde olar täze urşa taýýarlanýardylar.

HKP-niň 1 *mln* 280 *müň* çemesi esgerli goşuny bardy. Gomindanyň bolsa 4 *mln* 300 *müň* adamly goşuny bardy. Ýaraglanyşyk babatda taraplar deňeçerdi. Emma urşuň ykbaly diňe goşunyň sanyna bagly däldi.

Halkyň bu dawa gatnaşygy barada aýdylanda, uruş döwri Gomindan partiýasy barja abraýyny hem döküpdi. HKP-niň agzalary bolsa Ýaponiýa garşy uruş döwri watanyny goramakda watandaşlaryna nusga bolupdy. Uruş HKP-niň abraýyny halkyň arasynda artdyrypdy. Şonuň üçin bu dawada halk köpçüligi HKP-ni goldaýardy. Üstesine-de, ol SSSR-iň kömegi bilen söweşe ukyply goşun döredipdi. Ýaponlar ýeňlenden soňra, Kwantun goşunynyň ýaraglary hem HKP-niň ygtyýaryna berlipdi.

«Sowuk urşuň» başlanmagy bilen, Hytaýyň geljekki ykbaly SSSR-i we ABŞ-ny aýratyn gyzyklandyrdy. Urşuň yzysüre ABŞ Gomindanyň 150 *müň* esgerini okatdy, 45 diwiziýasyny ýaraglandyrdy. 1947-nji ýylyň başynda Hytaýda 100 *müň* amerikan esgeri saklanýardy. 1946-njy ýylyň 4-nji noýabrynda baglaşylan şertnama laýyklykda, Gomindan amerikan harby kömegini aldy. Şol ýylyň iýul–awgust aýlarynda Gomindan Taýwanda, Guançžouda we Hytaýyň başga käbir ýerlerinde amerikan bazalarynyň gurulmagyna razylyk berýär. 1945-nji ýylyň 28-nji awgustynda Çunsinde ABŞ-nyň araçyllygynda Gomindan bilen HKP-niň arasynda gepleşikler başlanýar. Şol ýylyň ahyrynda ABŞ-nyň, Angliýanyň, SSSR-iň Daşary işler ministrleriniň Moskwa duşuşygynda Hytaýda raýatara urşunyň öňüni almak, ony demokratik esaslarda birleşdirmek barada pikirler aýdyldy.

1945-nji ýylyň dekabrynda Hytaýa amerikan generaly J.Marşall gelýär. Prezident G.Trumeniň tabşyrygy boýunça onuň üstüne Hytaýda uruşýan taraplary ýaraşdyrmak wezipesi ýüklenipdi. 1946-njy ýylyň 10-njy ýanwarynda Marşalla Gomindan bilen HKP-niň arasynda ylalaşygy gazanmak başardýar. 31-nji ýanwarda bolsa, Ählihytaý syýasy maslahatynda Hytaýda täze syýasy düzgüni ýola goýmak barada ylalaşyga gelinýär. Çan Kaýşi HKP-ä geljekki demokratik Hytaýyň dolandyryş edaralaryny kemala getirmek barada gepleşiklere başlamagy teklip edýär. Bu mesele boýunça 1945-nji ýylyň oktýabrynda geçirilen maslahatda wagtlaýyn hökümeti döretmek kararyna gelinýär. Onda wezipeleriň ýarpysyny Gomindan, galanyny bolsa beýle-

ki syýasy partiýalaryň wekilleri eýelemelidi. Geljekde Milli ýygnak we milli goşun döredilmelidi. Emma Çan Kaýşi hem, Mao Szedun hem bu ýagdaý bilen uzak ylalaşmadylar. Umumymilli goşun döredilip, oňa Gomindanyň 50, Kompartiýanyň 10 diwiziýasy girmelidi, galan goşun birikmeleri dargadylmalydy. Mao Kompartiýanyň ýaragly güýçleriniň dargadylmagy hakdaky mesele bilen asla ylalaşmady. 1946-njy ýylyň 30-njy iýunynda ylalaşygyň möhleti tamamlanansoň, taraplar meseläni harby ýol bilen çözmäge girişdiler. Çan Kaýşiniň hökümeti bilen resmi gatnaşyklary saklaýan SSSR birbada kommunistleri goldamakdan saklandy.

Ýokarky sebäplere görä, Ikinji Jahan urşy gutaran badyna agzalan taraplar dessine biri-birine garşy urşa başlamaga milt edip bilmediler. Diňe 1946-njy ýylyň ortalarynda Gomindan urşa taýýarlygy boldum edip, kommunistleriň eýeleýän ýerleriniň üstüne hüjüme geçdi. Bu uruş iki döwürden durýar:

*Urşuň birinji döwri* 1946-njy ýylyň ortalaryndan 1947-nji ýylyň ortalaryna çenli bolup, bu döwürde urşuň inisiatiwasy Çan Kaýşiniň elinde boldy.

*Ikinjisi* 1947-nji ýylyň ortasyndan 1949-njy ýylyň ahyryna çenli döwri öz içine alyp, bu döwürde urşuň inisiatiwasy kompartiýanyň eline geçýär. Birinji döwürde kommunistlere SSSR uly kömek berýär. Demirgazyk-gündogarda sowet goşunlary saklanyp, olar Mao Szedunyň ýolbaşçylygyndaky Hytaýyň Gyzyl goşunyny indiki söweşlere taýýarlaýar.

Mao Szedun raýatara uruşlary gutarýança sowet goşunlaryny Hytaýda saklamak isleýär. I.W. Staline ýazan hatlarynda Mao Szedun, mümkin boldugyça, sowet goşunlaryny Hytaýda uzak saklamagy haýyş edýärdi. Emma 1946-njy ýylyň maýynda sowet goşunlary ManČžuriýadan çykaryldy, amerikan goşunlary bolsa Hytaýda saklanyp galdy. Çan Kaýşi uruşda ýeňilýändigini duýup, 1948-nji ýylyň başynda wagt utmak üçin, kompartiýanyň ýolbaşçylaryna gepleşikler geçirmegi teklip edýär. Öň hem şeýle gepleşikler geçirilip, olary Çan Kaýşiniň özi bozupdy. Bu gezek kompartiýa Çan Kaýşä wagt utdurmazlyk üçin, 1948-nji ýylyň 1-nji aprelinde gepleşiklere başlamagy teklip etdi. Gepleşiklerde kompartiýa sekiz şerti teklip etdi. Şonuň ilkinjisi raýatara urşuň günäkärleri bolan 43 adamy (şol sanda Çan Kaýşiniň özüni hem) jezalandyrmagy talap etdi. Talaplaryň beýleki ýedisini sanamagyň hajaty ýok. Çünki Çan Kaýşiniň özüniň jezalandyrylmagynyň talap edilmegi bilen ylalaşmajagy düşnükli. Beýle talaplaryň goýulmagy kommunistleriň hem ylalaşmak niýetiniň ýokdugyny görkezýärdi. Emma şonda-da Çan Kaýşi bilen habarlaşan gomindançylaryň wekilleri gepleşikleri dowam edipdirler.

Çan Kaýşiniň maksady Ýanszy derýasynda suw köpelýänçä gepleşikleri dowam etdirmekdi. Sebäbi suw köpelse, suwdan geçmek Gyzyl goşuna kyn düşjekdi. 1948-nji ýylyň 19-njy aprelinde gepleşikleriň netijesinde ylalaşyk şertnamasynyň şertleri barada ylalaşylýar. Emma 20-nji aprelde irden Çan Kaýşiniň wekilleri şertnama baglaşman, gaçyp gidýärler.

1948-nji ýylyň 21-nji aprelinde Gyzyl goşun Ýanszy derýasyndan geçip, bir aýda 102 şäheri basyp alýar. 1949-njy ýylyň ýanwarynda Gündogar Hytaýda bolan Huaýheý

söweşinde gomindançylar aýgytly ýeňlişe sezewar edilýär. Çykgynsyz ýagdaýda galan Çan Kaýşi ABŞ-nyň, Beýik Britaniýanyň, SSSR-iň baştutanlaryna ýüz tutup, kompartiýa bilen gepleşiklerde araçy bolmagy haýyş edýär. SSSR munuň Hytaýyň içerki işidigini aýdyp, ondan boýun towlaýar. 21-nji aprelde Çan Kaýşi iş başyndan aýrylýar we onuň tarapdarlary Hytaýyň gymmatbaha zatlaryny Taýwana çekip başlaýarlar. Çan Kaýşiniň ýerini eýelän wise-prezident Li Szunçžen kommunistler bilen gepleşiklere başlaýar. 1949-njy ýylyň iýulynda Moskwada Lýu Şaosiniň baştutanlygyndaky wekiliýet Stalinden Taýwany we Gonkongy eýelemek üçin suwasty flot we awiasiýa bilen kömek bermegi haýyş edýär. Emma bu haýyş ret edilipdir.

Hytaýyň Gyzyl goşuny tiz hereket edip, 1949-njy ýylyň sentýabrynda Çan Kaýşiniň goşunlarynyň galyndylaryny deňze gysyp çykarýar. Taýwandan, Tibetden, Gonkongdan we Makaodan başga Hytaýyň ähli ýeriniň gözegçiligi kompartiýanyň eline geçýär. Kommunistlerden çekilen gomindançylar paýtagtyny ilki Nankinden Kantona, soňra Çunsine, dekabrda bolsa Taýwan adasyndaky Taýbeýe geçirýärler. Raýatara urşy kommunistleriň ýeňşi bilen tamamlanýar.

**HHR-iň döremegi.** 1949-njy ýylyň 21-nji sentýabrynda Baýpinde syýasy maslahat beriş geňeşiniň maslahaty açylyp, ol öz işini aýyň 30-ynda tamamlaýar. *1-nji oktýabrda* Týananmen meýdanynda 300 *müň* adamyň gatnaşmagynda dabaraly ýagdaýda Mao Szedun *Hytaý Halk Respublikasynyň* döredilendigini jar edýär. HHR-iň baştutanlygyna *Mao Szedun* saýlanýar. Çžao Enlaý HHR-iň dolandyryş Geňeşiniň premýeri we daşary işler ministri wezipelerine bellenýär. HHR-iň paýtagty diýip *Baýpin* jar edilýär we onuň ady *Pekin* diýip üýtgedilýär. 14-nji oktýabrda günortada gomindançylaryň iň soňky daýanjy Guançžou eýelenýär, dekabrda bolsa günbatarda Sinszýan gomindançylardan arassalanýar. 1950-nji ýylyň baharynda Haýnan we Çžouşan adalary kommunistleriň eline geçýär. 1951-nji ýylda Tibetde kompartiýanyň gözegçiligi ýola goýulýar.



*Mao Szedunyň HHR-iň döredilýändigini yglan etmegi*



***Mao Szedun*** *(1893–1976). Hytaýyň syýasy we döwlet işgäri. Mugallymçylyk mekdebini tamamlaýar. 1919-njy ýylda ýurtda rewolýusion hereketiň güýçlenen mahalynda marksçylyk taglymat bilen tanyşýar. XX asyryň 20-nji ýyllaryndan başlap, uzak dowam eden göreşiň netijesinde onuň baştutanlygyndaky kommunistik partiýa 1949-njy ýylda häkimiýete gelýär. Mao Szedun 1949–1976-njy ýyllarda HHR-de döwlet baştutany bolýar (1949 ý. ömrüniň ahyryna çenli Hytaý Kompartiýasynyň baştutany, 1954–1959-njy ýyllarda HHR-iň Başlygy).*

Raýatara urşunda kommunistleriň ýeňiş gazanmagynyň sebäplerini aşakdakylar bilen düşündirmek bolar:

1. Ikinji Jahan urşunyň yzysüre kommunistik syýasatyň özüne çekijiligi sebäpli halk köpçüligi kompartiýany goldapdy;

2. Çan Kaýşi 1927-nji ýyldan bäri ýurda ýolbaşçylyk edip, özüni halka ýigrendiripdi;

3. Hytaýyň Gyzyl goşunyna SSSR-iň uly kömek bermegi netijesinde kommunistler ýeňiş gazandylar.

Bu ýeňiş Hytaý halkynyň XX asyrdaky uzak wagtlaýyn rewolýusion göreşiniň netijesidi. Hytaýda 22 ýyllap dowam eden syýasy gapma-garşy durmak öz çözgüdini tapdy.

1946–1949-njy ýyllaryň raýatara urşunda HKP ýeňiş gazandy. Gomindan ýeňlip, onuň tarapdarlarynyň galyndylary Taýwan adasyna gaçyp, janyny gutardylar. Kommunistleriň goşuny Taýwan adasyny zabt etmäge synanyşmady. Çan Kaýşi 1950-nji ýylda Gomindana ýolbaşçylygy gaýtadan öz eline alyp, bu ýerde «*Hytaý Respublikasy*» atly döwleti jar edip, ömrüniň ahyryna çenli (1975) oňa ýolbaşçylyk etdi. Generalissimus Çan Kaýşi hemişe kontinental Hytaýa dolanmak üçin amatly pursady arady.

Şeýlelikde, Aziýada Koreýa, Wýetnam ýaly ýurtlar kolonial düzgüni agdaryp, özbaşdaklygyny jar etdiler. HHR, KHDR, WDR ýaly döwletler döräp, olarda häkimiýeti kommunistler eýelediler.

♦ **Bao Daý** – Nguýenler neberesiniň 13-nji, Wýetnamyň iň soňky imperatory. Hakyky ady Fuk Win Thýui. Dolandyryşynyň şygary – **«beýikligiň goragçysy»** manysyny berýän Bao Daý ady bilen meşhurdyr. Parižiň syýasy barlaglar uniwersitetini tamamlady.

♦ **Mao Szedunyň** ady **«Merhemet ediji Gündogar»** diýen manyny berýär. «**Time**» žurnaly Mao Szeduny «Liderler we rewolýusionerler» kategoriýasy boýunça XX asyryň meşhur şahslarynyň 100-lügine girizdi.

# II BAP. AZIÝADA KOLONIAL DÜZGÜNIŇ SYNMAGY

## §1. Indoneziýanyň garaşsyzlygynyň jar edilmegi

**Indoneziýanyň garaşsyzlygynyň jar edilmegi.** Ikinji Jahan urşy döwründe Gollandiýanyň Germaniýa tarapyndan basylyp alynmagyndan peýdalanyp, Ýaponiýa Indoneziýany eýelemäge başlapdyr. Bu döwürde Indoneziýanyň azatlygy ugrunda göreşýän partizan otrýadlary golland kolonial hökümetine ýaponlara garşy bileleşip göreşmegi teklip edýär. Emma ýaponlara garşy göreşde gollandlar ýerli halk bilen birleşmek islemändirler. 1942-nji ýylyň martynda Indoneziýa Ýaponiýa tarapyndan basylyp alynýar. 1942–1945-nji ýyllarda Indoneziýa ýapon basybalyjylarynyň golastynda boldy. Bu döwür Indoneziýa üçin iň kyn döwür boldy. Onuň çägi harby zolaklara bölünýär, syýasy guramalar, ýokary okuw jaýlary ýapylýar. Ähli senagat kärhanalary ýaponlaryň eline geçip, uruş maksatlaryna gönükdirilýär. Uruş ýyllarynda ýaponlar tarapyndan mejbury işlerde 4 *mln* töweregi indoneziýaly ýogaldy.

Ikinji Jahan urşunyň ahyrynda Indoneziýanyň garaşsyz ýurt bolmagy üçin amatly pursat döreýär. Ýaponlar ýurtdan çykyp, golland goşuny we hökümeti bolsa bu ýere entek gelip ýetişmän, ýurt Indoneziýa halkynyň özüne galypdy. Indonez watançylary şol pursatdan peýdalanyp, 1945-nji ýylyň 17-nji awgustynda ýurduň garaşsyzlygyny jar edýärler. Ýurduň ilkinji prezidenti *Ahmet Sukarno* bolýar.



***Ahmet Sukarno*** *(1901–1970) – Indoneziýanyň 1945–1967-nji ýyllardaky prezidenti, Indoneziýanyň Milli gahrymany. Indoneziýanyň milli partiýasyny, indonez milletçiligini esaslandyryjy. «Ýoldaş Karno» lakamy bilen meşhurdyr. Hindi bilen musulmanyň maşgalasynda dünýä inen bu oglana «Mahabharatanyň» gahrymany Karnonyň öňüne «oňat» diýen sözi goşup, at goýýarlar. Ýapon basybalyşy döwründe ýaponlar bilen hyzmatdaşlyk edýär. Ýaponiýanyň imperatory tarapyndan kabul edilýär. Sukarno 6 sany daşary ýurt dilini (ýapon, arap, iňlis, golland, nemes, fransuz) bilipdir. Žiwopis eserlerini ýygnapdyr.*

**Golland-indonez urşy.** Ýöne entek, bu doly garaşsyzlyk däldi. Hakyky garaşsyzlygy gazanmak üçin uzak göreşmeli bolupdy. 1945-nji ýylyň sentýabrynda Ýawa adasyna ýapon goşunlaryny ýaragsyzlandyrmak bahanasy bilen, iňlis goşunlary düşürilýär. Tizara Gollandiýa hem Indoneziýa goşun getirip başlaýar. Angliýa 1946-njy ýylyň noýabrynda bu ýerden goşunlaryny çykarýar. Ol 1947-nji ýylyň ortasyna çenli 120 *müň* esger getirip, uly urşa taýýarlyk görýär. 1947-nji ýylyň 20-nji iýulynda Gollandiýa Indoneziýa Respublikasyna garşy urşa başlaýar. Golland goşunlary 1948-nji ýylyň 19-njy dekabrynda Jakartany basyp alyp, Sukarnony ýesir alýarlar.

1949-njy ýylyň ýanwarynda Delide Aziýanyň 19 ýurdunyň gatnaşmagynda maslahat bolýar. Oňa gatnaşyjylar 1950-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli Indonezi-

ýa garaşsyzlyk bermegi Gollandiýadan talap edýärler. 1949-njy ýylyň awgustynda Gaagada gepleşikler geçirilip, Golland hökümeti Indoneziýa özbaşdaklyk bermäge mejbur bolýar. *Indoneziýanyň Birleşen ştatlary* (IBŞ) atly döwlet döredilip, onuň ilkinji prezidenti Sukarno boldy. Onuň düzüminde 7 sany döwlet bardy. Günbatar Irian (täze Gwineýanyň günbatarsy) Gollandiýanyň düzüminde galypdy. Ol 1963-nji ýylda BMG-niň ýardam bermeginde Indoneziýanyň düzümine birikdirildi. IBŞ Golland-Indonez bileleşiginiň düzümine girip, Indoneziýanyň özygtyýarlygy, daşary syýasaty Gollandiýa tarapyndan çäklendirilýärdi. Daşary ýurtlulara olaryň emlägi gaýtarylyp berilmelidi. Indoneziýa kolonizatorlyk urşunyň öwezini Gollandiýa 4,5 *mlrd* gulden tölemek bilen dolmalydy. Gaaga maslahatynyň kararlary bilen razylaşmadyk indonez öňbaşçylary 1950-nji ýylyň 15-nji awgustynda unitar Indoneziýa respublikasyny jar etdiler.

**«Liberal demokratiýa» we «ugrukdyrylýan demokratiýa» döwri (1950–1965).** Demirgazyk Sumatradaky nebit promyselleri, ulag, aragatnaşyk, kommunal hojalygyna degişli kärhanalar millileşdirildi. Daşary ýurtlulara degişli ýer bölekleri döwletiň haýryna geçirildi. Daşary ýurt maýasyna ýeňillikler çäklendirildi. Gollandiýa «bergiler» ýatyryldy. Indoneziýa turuwbaşdan sosialistik ulgamyň ýurtlary bilen oňyn gatnaşyklary ýola goýdy. Sukarnonyň 1956-njy ýylda SSSR-e sapary mahalynda ykdysady hyzmatdaşlyk barada baş ylalaşyga gol çekildi.

Garaşsyzlygyň ilkinji tapgyrynda ýurtda parlament demokratiýasyna geçmek islenenem bolsa, syýasy partiýalaryň arasyndaky oňşuksyzlyk oňa mümkinçilik bermedi. 1960-njy ýylyň martynda Sukarno parlamenti ýatyryp, kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýeti öz elinde jemledi. Liberal demokratiýadan el çekildi. Ol bu syýasatyny «*ugrukdyrylýan demokratiýa*» diýip atlandyrdy. 60-njy ýyllaryň başynda Indoneziýa esasy ýörelgeleri *pança şila* laýyk gelýän «*indoneziýa sosializminiň*» gurluşygyna girişdi. Täze taglymatyň esasyny NASAKOM şygary düzdi. Ol *millilik, din, kommunizm* sözleriniň indonez dilindäki gysgaldylan görnüşidi.

Sukarnonyň döwründe Indoneziýanyň Malaýziýa bilen gatnaşyklary sowaşdy. Ol 1963-nji ýylda «Malaýziýany dargatmak» syýasatyny yglan etdi. 1965-nji ýylda Malaýziýanyň BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik däl agzalygyna saýlanmagyna nägilelik bildirip, Indoneziýa BMG-niň düzüminden çykdy. Sukarno SSSR we HHR bilen gowy gatnaşyklary saklady. Ol muny «täze döreýän güýçler» bilen «köne ornaşan güýçleriň» arasyndaky gapma-garşylyk bilen düşündirdi.

**«30-njy sentýabr hereketi».** Sukarnonyň döwründe kommunistler täsirli syýasy güýje öwrüldiler. Şol döwürde Indoneziýa Kompartiýasynyň 3,5 *mln* agzasy bolup, ol SSKP-den we Hytaý Kompartiýasyndan soň täsirli güýje öwrülipdi. 1965-nji ýylyň 30-njy sentýabry – 1-nji oktýabry aralygynda *podpolkownik Untung Şamsuriniň* baştutanlygynda «*30-njy sentýabr hereketi*» döwlet agdarylyşygyny gurnamaga synanyşyp, pitne turuzdy. Emma kompartiýa tarapyndan guramaçylygyň pesligi sebäpli, olar ýeňildiler. Ýurtda general Suharto tarapyndan çepçi güýçlere

garşy jezalandyrmalar başlandy. Sagçy güýçleriň kömegi bilen Sukarno hem özüne ýaramsyz goşun serkerdelerinden dynmak isledi. Birnäçe serkerdeler jezalandyryldy. Kompartiýa degişliligine şübhe bildirilip, 700 *müň* adam harbylar tarapyndan jezalandyryldy, 100 *müňden* gowrak adam ýörite lagerlere iberildi. Kompartiýanyň işi gadagan edildi. 1966-njy ýylyň 11-nji martynda Sukarno özüniň ýerine ýetiriş ygtyýarlyklaryny *Suharto* bermeli boldy. 1967-nji ýylyň güýzünde Sukarno kommunistler bilen gatnaşykda aýyplanyp, prezidentlikden aýrylyp, öý tussaglygyna sezewar edildi. 1968-nji ýylda general Suharto doly ygtyýarly prezident bolýar. Dürli maglumatlara görä, jezalandyrmalara sezewar edilen Sukarnonyň tarapdarlarynyň we kommunistleriň sany 500 *müňden* 2 *million* töweregi adama golaýlapdyr. Harbylaryň agdarylyşygyndan soňky döwür ýurduň taryhyna «*täze düzgün*» ady bilen girdi.

♦ **Jakarta** – golland koloniýasy döwründe **Batawiýa** diýlip atlandyryldy.

♦ Sukarno Indoneziýanyň ähli halklaryny jebisleşdirmek üçin, döwlet dili hökmünde malaý dilini saýlap aldy.

## § 2. Birmanyň garaşsyzlyk gazanmagy

**Milli azat edijilik hereketiniň ýokary göterilmegi.** 1941-nji ýylyň dekabr aýynda Ýaponiýa Birma çozup girip, dört aýyň dowamynda onuň ähli çägini diýen ýaly basyp alýar. Birmanyň hojaýynlary bolan iňlisler Ýewropadaky uruşlar bilen baglanyşykly ýapon basybalyjylaryndan ýurdy goramagy başarmaýarlar. Birmanyň halky *Aun Sanyň* ýolbaşçylygynda ilkibada iňlis kolonizatorlaryna garşy göreşde ýardam berer diýen umyt bilen ýaponlar bilen hyzmatdaşlyk edýärler. Emma ýaponlaryň ýerli ilat babatda gazaply syýasaty Birmada basym olara bolan ýigrenji döredipdir. 1943-nji ýylyň awgustynda ýapon hökümeti Birmanyň «garaşsyzlygyny» jar edýär. Ýöne bu garaşsyzlyk hakyky däldi.


*Aun San*

1944-nji ýylda Birmada *faşizme garşy halk azatlygy guramas*y döredilýär. 1945-nji ýylyň 28-nji martynda ählumumy gozgalaň başlanýar. Oňa Aun Sanyň baştutanlygyndaky *Halk azatlygy* guramasy ýolbaşçylyk edýär. Birma ýapon basybalyjylaryndan azat edilenden soň, bu gurama ýurduň möhüm häkimiýet edarasyna öwrülýär. Ýöne iňlis kolonizatorlary bu guramany ykrar etmeýärler.

Faşizme garşy Halk azatlygy guramasy 1947-nji ýylyň ýanwarynyň ahyryna çenli Birmanyň garaşsyzlygy hakyndaky meseläni çözmegi talap edýär. Netijede, 1947-nji ýylyň ýanwarynda Londonda iňlis hökümetiniň we Aun Sanyň ýolbaşçylygyndaky birma wekilleriniň maslahaty bolýar. Mas-

lahatda aprelde parlamente saýlawlar geçirmek bellenilýär. Onda faşizme garşy Halk azatlygy guramasy ýeňiş gazanýar. 1947-nji ýylyň iýulynda Konstitusiýanyň taslamasy işlenip başlanýar. Ýöne 1947-nji ýylyň 19-njy iýulynda garaşsyzlygyň duşmanlarynyň guramagynda Aun Sanyň we onuň tarapdarlarynyň janyna kast edilýär. Bu uly ýitgi bolýar. Ýurtda milli bitewi fronty döretmek, garaşsyzlygyň tiz berilmegini talap edýän hereketler güýçlenýär. 1947-nji ýylyň awgust-oktýabr aýlarynda Birma garaşsyzlyk bermek barada iňlis-birma gepleşikleri geçirildi. 24--nji sentýabrda ýurduň konstitusiýasy kabul edildi. 17-nji oktýabrda Londonda täze döwletiň metropoliýa tarapyndan resmi taýdan ykrar edilýändigi barada ylalaşyga gol çekildi. Şonuň netijesinde 1948-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda Birmanyň döwlet Garaşsyzlygy jar edilýär.

1948–1962-nji ýyllar Birmanyň garaşsyzlygynyň birinji tapgyry bolup, bu döwürde Azatlyk ligasy bilen kompartiýanyň arasynda häkimiýet ugrunda göreş ýaýbaňlandy. 1958-nji ýyla çenli *U Nu* ýurduň prezidenti boldy.

## § 3. Hindistanyň özbaşdaklyk gazanmagy



**Beýik Britaniýanyň Hindistana özbaşdaklyk bermegi.** Ikinji Jahan urşy Hindistanyň durmuşyna uly täsir edipdi. Uruş döwri oba hojalygy, senagat çöküpdi. Ýurtda açlyk dowam edýärdi. Uruş döwri iňlisler tarapyndan goşun gullugyna alnan esgerleriň aman galany watanyna gaýdyp gelip, işsiz gezmegi olaryň azatlyk hereketiniň işjeň agzalary bolmagyna getiripdi. Uruşdan gaýdyp gelenler syýasy düşünjesi artan, dünýä wakalaryndan habarly esgerlerdi.

Ikinji Jahan urşundan soňra Hindistanda milli azat edijilik hereketi täzeden ýokary göterildi. Bu herekete uzaga çeken göreşde taplanan *Jawaharlal Neru, Mahatma Gandi* we beýlekiler ýolbaşçylyk edýärdiler. 1946-njy ýylyň fewralynda Bombeýde «Talwar» atly gämide gozgalaň başlanýar. Gozgalaň çäge gatyşykly ýaramaz tüwüden nahar berilmegi bilen başlanypdyr. «Talwara» Bombeý portunyň ähli gämileriniň esgerleri goşulypdyr. Deňizçi esgerleri beýleki goşun bölümleri hem goldapdyr. Gozgalaň basylyp ýatyrylypdyr. Ýöne ol goşunyň halkyň tarapyndadygyny, iňlis agalygyndan jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň närazydygyny ýene bir gezek görkezýär.

1946-njy ýylda Hindistandaky iňlis wise-koroly *Ueýwell* wagtlaýyn hökümet döretmek teklibi bilen çykyş edýär. Onuň agzalarynyň 40%-i induslardan, 40%-i musulmanlardan, galan 20%-i beýleki toparlardan bolmalydy. Merkezi we ýerli kanun çykaryjy edaralara saýlawlarda HMK Bombeýde, Madrasda, Birleşen welaýatlarda, Orissada, Assamda köplük ses gazanypdyrlar. Induslar 1946-njy ýylyň

awgustynda Jawaharlal Nerunyň baştutanlygynda öz wagtlaýyn hökümetini döredipdirler. Emma musulmanlar Ueýwelliň teklibini ret edipdirler. Olar hiç hili gatyşyk hökümetlere goşulmajakdyklaryny, *Pakistan* atly musulman döwletini döretmek üçin göreşjekdiklerini aýdypdyrlar. Olara *Muhammet Aly Jinna* baştutanlyk edýärdi. Iňlisler *Musulman Ligasynyň* we *Hindi Milli kongresiniň* ýolbaşçylary bilen gepleşikler geçirip, iki tarapyň-da ýurdy ikä bölmek isleýändigine göz ýetirdiler. Şol ýyl Beýik Britaniýanyň premýer-ministri Ettli iňlis hökümetiniň Hindistana özbaşdaklyk bermäge taýýardygy barada çykyş edýär. Beýik Britaniýada Hindistana özbaşdaklyk bermegiň taslamasy işlenip düzüldi.

1947-nji ýylyň iýunynda täze wise-korol *Lýuis Mauntbetten* Hindistana özbaşdaklyk bermegiň meýilnamasyny çap etdiripdir. Iňlisler Hindistany ikä bölüp, 1947-nji ýylyň 15-nji awgustynda olaryň garaşsyzlygyny yglan etdi. Dünýäde özbaşdak *Hindistan* we *Pakistan* döwletleri döredi. Olar Britan Arkalaşygyna meýletin girdiler. *Mauntbatteniň meýilnamasy* esasynda Hindistan dini alamat boýunça iki döwlete bölündi. Nirede induslar ýaşaýan bolsa Hindistana berildi. Musulmanlaryň ýaşaýan ýerleri Pakistanyň düzümine girizildi.

**Hindi bileleşigi dominiony.** 1947–1950-nji ýyllar Hindistanyň taryhyna Hindi bileleşigi dominiony hökmünde girdi. Sebäbi oňa Milletleriň Britan Bileleşiginde dominionyň hukugy berlipdi. Bu döwürde ýurduň syýasy, konstitusion, administratiw-dolandyryş gurluşyny kesgitlemek barada uly işler alnyp baryldy. Uçreditel ýygnaga kanun çykaryjy ygtyýarlyklar berlip, onuň baştutanlygyna HMK-nyň agzasy *Rajendra Prasad* bellenildi. *Jawaharlal Neru* Hindistanyň ilkinji premýer-ministri boldy. Ol goranmak we daşary işler ministrleriniň wezipelerini hem eýeledi. Içeri işler, maliýe, söwda ministrleriniň kürsüsi hem HMK-nyň elinde boldy.

Ýurduň öňünde çözülmeli ilkinji gaýragoýulmasyz wezipe döwletiň serhetlerini kesgitlemek meselesi bolup durýardy. Munuň üçin, ilki bilen, hanlyklaryň Hindi bileleşigine gatnaşygyny kesgitlemelidi. Hindistana garaşsyzlyk beriljek wagty ýurtda jemi 600 töweregi hanlyk bardy. Olaryň hökümdarlary (maharajalary) täze dörejek döwletleriň islänine birigip bilýärdi. Eger isleseler, Beýik Britaniýa bilen öňki ýaly gatnaşyklarda galyp hem bilýärdiler. Emma maharajalaryň hiç biri-de Beýik Britaniýanyň baknasy bolup galmak islemedi. Hanlyklar meselesini çözmek üçin içeri işler ministri *W.Pateliň* baştutanlygynda *hanlyklar boýunça ministrlik* döredildi. 1947–1949-njy ýyllarda 601 hanlygyň 555-si Hindistana, galany bolsa Pakistana birikdi. Hindistana birigen hanlyklaryň 70-si dominionyň düzümine özbaşdak dolandyryş birligi hökmünde girdi. 269 hanlyk öňki çäklerinde federal birlikleri döretdiler. 216 hanlyk bolsa goňşy hanlyklar bilen birleşip, aýratyn etraplary döretdiler.

Hindistanyň we Pakistanyň araçägindäki *Jammu, Kaşmir, Penjap* ýaly hanlyklaryň haýsy döwlete degişlidigi dawaly boldy. Mysal üçin, Kaşmirde, esasan, musulmanlar ýaşaýardylar. Emma onuň maharajasy indus bolandygy üçin, Penjabyň Hindistana girmekçidigini jar etdi. 1947-nji ýylda nirede musulman köp bol-







*Junagadh hanlygy*

sa induslary, nirede indus köp bolsa musulmanlary gyrypdyrlar. 1947-nji ýylyň hindi-musulman garşy durmasynda diňe Penjapda iki tarapdan jemi 500 *müň* adam öldürilipdir.

Serhetýaka welaýatlaryň haýsy döwlete degişlidigi baradaky dawa XX asyryň II ýarymynda hindi-pakistan gatnaşyklarynyň mydama dartgynly bolmagyna getirdi. 1947, 1965, 1971-nji ýyllarda Hindistan bilen Pakistanyň arasynda ýaragly çaknyşyklar boldy. 1947-nji ýylda *Junagadh hanlygynyň* (Katýawar ýarymadasy) musulman hökümdary ol ýeriň indus ilatynyň erkine garşy gidip, Pakistana birikmekçi boldy. Bu ýere hindi goşunlary girizildi, ählumumy referendumyň netijesinde ol Hindistana birikdirildi. 1947-nji ýylyň güýzünde pakistan goşuny Kaşmire girdi. Bu ýeriň maharajasy Hindistana birigýändigini jar etdi. Onuň haýyşy boýunça bu ýere hindi goşunlary girizildi. Emma Kaşmiriň günbatary pakistan goşunynyň gözegçiliginde galdy. 1947-nji ýylyň dekabrynda Hindistan Kaşmir meselesini çözmegi BMG-den haýyş etdi. Haýdarabadyň hökümdary hem Pakistana birikmäge synanyşdy. Ol şowsuz tamamlandy.

1947–1948-nji ýyllarda Hindistanda hem, Pakistanda hem dini esasda birek-birekden öç almalar güýçlendi. Gandi dini toplumlaryň arasynda öjükdirmeleriň tutaşdyrylmagyny ýazgardy. Ol Hindistanda musulmanlar üçin amatly şertleriň döredilmegini goldap çykyş etdi. Emma hindi milletçileri ony induslaryň bähbitlerine dönüklik etmekde aýypladylar. 1948-nji ýylyň 30-njy ýanwarynda 79 ýaşly Mahatma Gandi Puna şäherinde *Hindu Mahasabha* guramasynyň gazetiniň redaktorynyň elinden wepat boldy.

Hindistan 1957-nji ýylda Kaşmiriň öz çäklerine birikdirilendigini resmi taýdan yglan etdi. 1999-njy ýylda hem Kaşmirde hindi-pakistan dawasy tutaşdy. Häzir bu meseläni parahatçylykly çözmäge synanyşyk edilýär. Häzirki wagtda Kaşmir ştatynyň bir bölegine Pakistan gözegçilik edip, ol «*Azat Kaşmir*» diýlip atlandyrylýar.

**Hindistan Respublikasynyň jar edilmegi.** 1949-njy ýylyň noýabrynda Uçreditel ýygnak Hindistanyň konstitusiýasynyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşdy we tassyklady. Ol 1950-nji ýylyň 26-njy ýanwarynda güýje girizilip, şol gün Hindistan Respublikasynyň döredilen güni hökmünde taryha girdi. Konstitusiýa laýyklykda, ýurt parlament respublikasy diýlip jar edildi. 1950–1962-nji ýyllarda Hindistanyň ilkinji prezidenti *Rajendra Prasad* boldy. Ýurduň ilkinji premýer-ministri *Jawaharlal Neru* boldy.



***Jawaharlal Neru** (1889–1964) – Hindistanyň syýasy we döwlet işgäri. Nerularyň maşgalasy ömrüni ýurduň bagtly geljegi ugrundaky göreşe gönükdiren syýasatçylar neberesidir. Motilal Neru Hindi Milli kongresiniň işine uly goşant goşupdyr. Jawaharlal Kembrij uniwersitetini hukuk ugrundan tamamlaýar. 1919-njy ýylda Mahatma Gandi bilen tanyşmagy onuň ömrüni syýasata bagyşlamagyna sebäp bolýar. 1929-njy ýylda ol Hindi Milli kongresiniň başlyklygyna saýlanýar. Ýurt garaşsyzlygyny alanda Hindistanyň ilkinji premýer-ministri we Daşary işler ministri bolýar. Neru taryha «Täze Hindistanyň gurujysy» hökmünde girdi. Ol «Pandit» – «Alym» lakamyna eýe bolupdyr. Gyzy Indira Gandi, agtygy Radjiw Gandi onuň başlan işini dowam etdirdiler. J.Nerunyň uýasy Wijaýalakşmi Pandit iki gezek ministr, Hindistanyň SSSR-däki, ABŞ-daky Ilçisi, Beýik Britaniýadaky ygtyýarly wekili, Bombeýiň gubernatory bolupdyr.*

Prezidente çäklendirilmedik ygtyýarlyklar berildi. Konstitusiýanyň 31-nji maddasynda hususy eýeçiligiň eldegrilmesizligi jar edildi. Merkezi parlament iki *palatadan – Halk palatasyndan* (Lok Sabha) we *ştatlaryň geňeşinden* (Rajýa sabha) ybaratdyr. Ol 5 ýyl möhlet bilen saýlanyp, indiki saýlawlarda düzümi tutuşlygyna täzelenýär. Dolandyryş-çäk babatda Hindistan 3 sany topara bölünýän ştatlardan ybaratdyr:

a) **Britan Hindistanynyň öňki welaýatlary** (Uttar-Pradeş, Madhýa-Pradeş, Bihar, Madras, Bombeý, Assam);

b) **öňki hanlyklar** (Jammu we Kaşmir, Haýdarabad, Maýsur, Trawankur-Koçin, Pepsu, Madhýa-Bharat, Sauraştra, Rajaasthan, Windhýa-Pradeş);

ç) **öň baş komissar tarapyndan dolandyrylan, özbaşdak bolmadyk ýerler** (Deli, Tripura, Maripur, Andaman we Lokkadiw adalary, Ajmer, Bhopal, Kuç-Bihar, Kurg, Kaç, Himaçal-Pradeş). Ştatlary milli-çäk esasynda üýtgedip gurmak meselesi soňky ýyllarda hem dowam etdirildi (1956, 1960, 1962, 1971, 1975, 1987-nji ýyllar).

♦ **Jawaharlal** hindi dilinden terjime edilende **«Gymmatly lagyl»** diýmegi aňladýar.

♦ **Junagadh** – **«gadymy gala»** diýmegi aňladýar.

♦ **Nathuram Godze** 1948-nji ýylyň 30-njy ýanwarynda Mahatma Gandä golaýlaşyp, oňa sapançadan üç sany ok atýar. Olaryň ikisi sowa geçse-de, üçünjisi Beýik Rehimdaryň

ýüregini paralaýar. Gandi: «Eý, Rama, eý, Rama» diýip, Hudaýyň adyny dile getirip (hut şol sözler onuň ýadygärlik memorialyna ýazylan), elini hereketlendirip, ganhoryny bagyşlaýandygyna yşarat edýär hem-de jan berýär.

## § 4. Özbaşdak Pakistan döwletiniň döremegi

Ikinji Jahan urşundan soň hem *Musulman Ligasynyň* ýolbaşçysy *Muhammet Aly Jinna* aýratyn musulman döwletini döretmek üçin göreşipdir.



***Muhammet Aly Jinna*** *(1876–1948) – Hindistanyň we Pakistanyň döwlet we syýasy işgäri. Pakistanyň ilkinji general-gubernatory (1947–1948). Angliýada hukuk ugrundan bilim alansoň, Karaçide, Bombeýde aklawçylyk işi bilen meşgullanýar. Ilkibada iňlis kolonizatorlaryna garşy musulmanlar bilen induslaryň bilelikde çykyş etmegini goldapdyr. 1930-1934-nji ýyllarda Jinna Angliýada ýaşaýar. 1940-njy ýylyň 22-24-nji martynda Musulman Ligasynyň Lahorda bolan sessiýasynda Hindistanyň demirgazyk-günbatarynda we demirgazyk-gündogarynda musulmanlaryň Pakistan atly döwletiniň döredilmegi baradaky Rezolýusiýany kabul etdirýär. Ol «Kaid-i Agzam» – «Beýik öňbaşçy» adyna eýe bolupdyr. «Pakistanyň içinde we daşynda parahatçylyk» atly şygary öz syýasatynyň özenine öwrüpdir.*

Ýokarda belleýşimiz ýaly, Pakistan Maunbetteniň dini alamat boýunça Hindistany ikä bölmek baradaky meýilnamasy boýunça döredilipdi. Ol 1947-nji ýylyň 15-nji awgustynda Hindistandan bölünip aýrylyp, özbaşdak döwlet bolupdy. Pakistan üçin kyn ýeri onuň çäkleri biri-birinden üzňe iki sany uly bölekden – Günbatar we Gündogar Pakistandan durýardy. Günbatar Penjap, Sind, Demirgazyk-Günbatar serhetýaka welaýaty, Bulujystan Günbatar Pakistana, Gündogar Bengaliýa we Assam ştatynyň Silhet etraby Gündogar Pakistana degişlidi. Olaryň arasyny 1600 km uzaýan Hindistan bilen serhet bölýärdi. Döredilen mahaly Pakistanyň 60 *mln* ilaty bardy. Düzüminden Bangladeş bölünip aýrylmanka – 1971-nji ýylda bu san 130 *milliona* çenli artdy. Bangladeş Halk Respublikasy döredilenden soňra, 1972-nji ýylda Pakistanyň häzirki serhetlerindäki ilaty 65 *mln* adam boldy. Hindistandan bölünip aýrylandan soňky ilkinji ýyllarda ol ýerden Pakistana 7 *mln* gowrak adam göçüp geldi. Göçe-göçlükde taraplar dini esasda biri-birinden öç aldylar.



*Liýakat Aly han*

Pakistan dörän wagty onuň paýyna köpräk oba hojalyk sebitleri düşüpdi. Özbaşdaklyk alan wagty ol ilatyň jan başyna zerur tüwini iki esse artyk öndürýärdi. Hindistanda bolsa tüwi ýetmeýärdi. Jut we pagta meýdanlary Pakistanda galyp, olary işläp bejerýän zawod-fabrikler Hindistanyň çägindedi. Pakistan senagaty tarpdan diýen ýaly döretmeli bolupdy. Täze döwletiň ilkinji döwlet

ýolbaşçysy *Muhammet Aly Jinna, Liýakat Aly han* ilkinji premýer-ministr bolupdy. Ol 1951-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda öldürilensoň, Bengaliýadan Hoja Nazymuddin hökümet baştutany boldy.

1954-nji ýyla çenli ýurduň syýasy durmuşynda Musulman Ligasy esasy orny eýelän bolsa, 40-njy ýyllaryň ahyryndan başlap, oňa garşy syýasy güýçler öz partiýalaryny döretdiler (*Azatlyk ligasy, Azat Pakistan*). Ýurduň Konstitusiýasynyň taslamasyny işläp taýýarlamakda syýasy partiýalaryň garaýyşlarynda çaprazlyk emele geldi. Netijede, 1954–1955-nji ýyllarda ýurtda adatdan daşary ýagdaý girizildi. 1955-nji ýylyň iýunynda Uçreditel ýygnaga saýlawlar geçirilip, awgustda gatyşyk hökümet düzüldi. 1956-njy ýylyň 29-njy fewralynda Pakistanyň Konstitusiýasy kabul edildi. 23-nji martda Pakistan Respublikasy jar edildi.

Konstitusiýa kabul edilýänçä, Pakistan Hindistany dolandyrmak boýunça 1935-nji ýylyň Akty hem-de Hindistanyň garaşsyzlygy hakynda 1947-nji ýylyň kanuny bilen dolandyrylýardy. Ýurduň başynda general-gubernator durýardy (ol Muhammet Aly Jinnady). Uçreditel ýygnak parlamentiň wezipelerini ýerine ýetirýärdi. 1956-njy ýylyň konstitusiýasy ýurduň federatiw gurluşyny kesgitledi. Hindistandan tapawutlylykda, Pakistanda dolandyryşyň prezident respublikasy görnüşi girizildi. Hökümete premýer-ministr ýolbaşçylyk edýär. 1956-1958-nji ýyllarda ýurdy *Hüseýin Şahid Suhrawardiniň* hökümeti dolandyrdy. Ol Musulman Ligasy bilen Azatlyk ligasynyň gatyşyk hökümetidi. Hökümet krizisi netijesinde harbylar 1958-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda döwlet agdarylyşygyny geçirdiler. Goşunyň baş serkerdesi *Muhammet Eýýup han* prezidentiň wezipesini eýeledi (1958–1969).

## § 5. Hindihytaý ýurtlarynda milli azatlyk hereketleri

**Fransuz kolonizatorlarynyň Wýetnamda berkleşmek ugrunda alyp baran urşy.** 1945-nji ýylyň sentýabrynda Potsdam maslahatynyň karary boýunça ýapon goşunlaryny ýaragsyzlandyrmak üçin, Wýetnam Demokratik Respublikasynyň (WDR) çäginiň 16-njy parallelden günortasyna iňlis, demirgazygyna bolsa Hytaýyň gomindançy goşuny girizildi. Fransiýa Angliýanyň ýardam bermeginde 22–23-nji sentýabrda Saýgony eýeläp, Günorta Wýetnamy eýelemäge girişdi. Bu ýere gyssagly ýagdaýda fransuz ekspedision korpusy düşürildi. 1946-njy ýyla çenli olar bu sebitiň esasy şäherlerini we aragatnaşyk desgalaryny eýelediler.

WDR-de birnäçe demokratik özgerdişler geçirildi. 1946-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda ählumumy saýlaw hukugy esasynda Milli Ýygnaga saýlawlar geçirildi. 8-nji noýabrda ýurduň ilkinji Konstitusiýasy kabul edildi. Daşary syýasatda WDR çeýe syýasat ýöretmeli boldy. 1946-njy ýylyň fewralynda fransuzlar Çan

Kaýşiniň hökümetine birnäçe ykdysady eglişikleri edip, Wýetnamyň demirgazygyndan gomindan goşunynyň çykarylmagyny we onuň fransuzlar bilen çalşyrylmagyny gazandy.

Fransiýa Wýetnamy meýletin elinden gidermek islemedi. Emma onuň WDR bilen uruşmaga-da entek güýji ýeterlik däldi. 1946-njy ýylyň 6-njy martynda WDR bilen Fransiýanyň arasynda deslapky konwensiýa baglaşyldy. Oňa laýyklykda, WDR Fransiýanyň baştutanlygyndaky bileleşigiň düzümine girmäge we 5 ýylyň dowamynda 15 *müň* adama çenli fransuz goşunlaryny kabul etmäge razylaşdy. Fransiýa WDR-i özbaşdak döwlet diýip ykrar etdi. Fransiýa tarapyndan eýelenen ýurduň günortasynyň ykbalyny ählihalk referendumy kesgitlemelidi, onuň netijelerini Fransiýa ykrar etmäge söz berdi.

Emma fransuzlar mart ylalaşygyny bozup, referendumyň geçirilmegini bökdemekçi boldular. 1946-njy ýylyň tomsunda Günorta Wýetnamyň milletçileri *Kohinhan awtonom respublikasyny* döretdiler. Dagly halklaryň awtonomiýasy hem yglan edildi. 1946-njy ýylyň awgustynda Fransiýanyň *Fonteneblo* şäherinde geçirilen wýetnam-fransuz gepleşikleri başlanan mahaly fransuzlar Dalatda (Günorta Wýetnam) Demirgazyga göz edip, Günortanyň oýnatgy hökümetiniň wekilleriniň maslahatyny geçirdi. Munuň özi Fonteneblodaky gepleşikleriň petige diremegine eltdi. Emma WDR-iň wekiliýeti 1946-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda Fransiýa bilen wagtlaýyn ylalaşyga gol çekdi. Oňa laýyklykda Günorta Wýetnamda harby hereketler bes edilmelidi, taraplaryň arasynda 1947-nji ýylyň ýanwaryndan gijä goýman gutarnykly şertnamany baglaşmak üçin gepleşiklere başlanmalydy. Emma Fransiýa 1946-njy ýylyň 19-njy dekabrynda öňki gazanylan ylalaşygy bozup, Wýetnamy öz agalygy astynda birikdirmäge gönükdirilen urşa başlady. Ol 1946–1954-nji ýyllary öz içine aldy. Wýetnam halky gahrymanlarça öz watanyny goramagy başardy. Demirgazyk Wýetnamyň senagat kärhanalarynyň üçden iki bölegi howpsuz etraplara göçürildi.

Ilkibada üstünlik fransuzlaryň tarapynda bolupdyr. 1947-nji ýylyň ortalarynda olar Hanoýy we WDR-iň köp bölegini eýeläpdirler. Emma *Ho Şi Miniň* baştutanlygynda wýetnam halkynyň güýçli partizançylyk urşuna uçran fransuzlar 1947–1949--njy ýyllarda tagtyndan agdarylan öňki imperator *Bao Daý* (ol 1946-njy ýylyň aprelinde Gonkonga gaçypdy, *seret: II bölüm, I bap, § 5*) bilen uzaga çeken gepleşikleri geçirdiler. Onuň netijesinde 1948-nji ýylyň maýynda Wýetnamyň fransuzlar tarapyndan basylyp alnan böleginde «Wagtlaýyn merkezi hökümet» döredildi. Indiki ädim 1949-njy ýylyň martynda Bao Daýyň baştutanlygynda «*Wýetnam döwletiniň*» döredilmegi we onuň Fransuz bileleşiginiň düzümindäki «garaşsyzlygynyň» ykrar edilmegi boldy. Täze döredilen döwletiň üstünden Fransiýa doly öz gözegçiligini ýola goýupdy. Diýmek, ol oýnatgy döwletdi, fransuzlaryň basybalyşlarynyň ýüzüni perdelemek üçin döredilipdi. Bao Daýyň hökümeti 1950-nji ýylyň fewralynda Beýik Britaniýa we ABŞ tarapyndan ykrar edildi. ABŞ 1950–1951-nji ýyllarda bu düzgüni

goldamak üçin ykdysady we harby kömek berdi. 1954-nji ýylda amerikan kömeginiň möçberi Fransiýanyň harby çykdajylarynyň 80%-ine deň boldy.

1951-nji ýyldan başlap, Fransiýa harby hereketlerde asgynlap başlady. 1950-nji ýylda WDR-iň SSSR we HHR tarapyndan ykrar edilmegi onuň halkara abraýyny berkitdi. 1953-nji ýylda ABŞ-nyň ýardam bermeginde 18 aýyň dowamynda WDR-i doly dyza çökermegiň meýilnamasyny işläp düzdi. Esasy söweş hereketleri Dýenbýenfu ugrunda alnyp baryldy. 1954-nji ýylyň 7-nji maýynda Dýenbýenfu üçin alnyp barlan 55 güne çeken aýgytly söweşde Fransiýa ýeňildi.

**Ženewa maslahaty.** 1954-nji ýylyň 26-njy aprelinde SSSR-iň başlangyjy bilen Ženewada SSSR-iň, HHR-iň, Fransiýanyň, Beýik Britaniýanyň, ABŞ-nyň daşary işler ministrleriniň gatnaşmagynda maslahat açyldy. 20–21-nji iýulda baglaşylan Ženewa ylalaşygy Wýetnamdaky harby hereketleriň soňuna çykdy. Ylalaşyga laýyklykda:

• Wýetnamyň garaşsyzlygy, özygtyýarlylygy, çäk bitewiligi ykrar edildi;

• Wýetnamyň çägi wagtlaýynça 17-nji parallelden ikä bölündi;

• emma demarkasion çyzyk syýasy babatda-da, çäk babatda-da araçäk diýlip kesgitlenilmedi.

Wýetnamyň birleşdirilmegi üçin, 1956-njy ýylyň iýulynda ýurduň ähli çäginde erkin saýlawlar geçirilmelidi. Munuň üçin 1955-nji ýylyň tomsundan Demirgazygyň we Günortanyň wekilleriniň ara alyp maslahatlaşmalary bolmalydy.

**Laosda milli azat edijilik hereketi. Laosyň özbaşdaklyk gazanmagy.** «Aziýa aziýalylar üçin» diýen şygar astynda ýaponlar, hamana, Aziýany ýewropalylardan azat eden ýaly bolup, 1945-nji ýylyň martynda Laosda fransuz goşunyny ýaragsyzlandyryp, döwlet agdarylyşygyny geçirýärler. Emma bu hereketler Laosda ýapon basybalyşlarynyň alyp barýan syýasatyny gizläp biljek däldi. Laosda basybalyjylara garşy göreş başlandy.

Ýaponiýa boýun egdirilensoň, fransuz kolonizatorlary Laosda öz agalygyny dikeltmäge synanyşdylar. Muňa jogap edip, 1945-nji ýylyň 12-nji oktýabrynda Laosda wagtlaýyn hökümet döredilýär. Halk wekilleriniň wagtlaýyn ýygnagy çagyrylyp, wagtlaýyn konstitusiýa kabul edilýär, Laos goşuny döredilýär, ýurt garaşsyzlygy jar edilýär. Korol *Sisawang Wong* täze hökümetiň peýdasyna tagtdan el çekýär. Ýurt *Patet Lao (Lao ýurdy)* atly konstitusion monarhiýa öwrülýär.

Emma fransuz goşunlary 1946-njy ýylyň mart, aprel aýlarynda Laos goşunyny ýeňip, Wýentýany eýeleýärler. Wagtlaýyn hökümetiň agzalary daşary ýurda gaçýarlar. Korol gaýtadan tagtyna çykarylýar. Şazada *Sufanuwongyň* çakylygy bilen halk ýene-de aýaga galdy. Bu çykyşlar wýetnam halkynyň göreşi bilen utgaşykly alnyp barlypdyr. Fransuzlar korol häkimiýetini goldan bolup, milli azat edijilik hereketini ikä bölmek isläpdi.

1947-nji ýylda Laosyň Konstitusiýasy kabul edilse-de, ol garaşly bolup galýardy. 1949-njy ýylyň iýulynda fransuz bileleşigine girýän garaşsyz döwlet diýlip

yglan edildi. Emma Sufanuwong we onuň tarapdarlary ýurduň hakyky garaşsyzlygyny talap edýärler.

1950-nji ýylyň awgust aýynda dürli taraplaryň wekilleriniň gatnaşmagynda maslahat geçirilip, onda *Birleşen milli front* döredilýär. Sufanuwongyň ýolbaşçylygynda milli bitewülik hökümeti döredildi. Laos ýurdunyň harby goşuny dikeldildi. 1951-nji ýylyň mart aýynda Laosyň, Wýetnamyň, Kambojanyň watançy bileleşigi we bitewi fronty döredildi. 1953–1954-nji ýyllarda olar ýurduň ýarpy böleginde halk häkimiýetini berkarar etdiler. Laosyň milli azat edijilik hereketiniň ýeňişleri, Hindi-hytaýdaky umumy ýagdaý Fransiýany halkara derejesinde gepleşikler geçirmäge mejbur edýär. 1953-nji ýylda ol Laosyň garaşsyzlygyny ykrar etdi. 1954-nji ýylyň Ženewa ylalaşygy Laosda harby hereketleriň togtadylmagyna getirdi.

**Özbaşdak Kamboja döwletiniň döremegi.** 1945-nji ýylyň martynda korol *Norodom Sianuk* ýurduň ýaponlardan arassalanmagyndan soň, Fransiýanyň protektorat düzgünini ýatyrdy. Ikinji Jahan urşunyň tamamlanmagy bilen, Kambojanyň taryhynda täze eýýam başlandy.

1945–1953-nji ýyllar aralygy Kambojanyň taryhyna Garaşsyzlyk ugrunda göreş ýyllary hökmünde girdi. Ikinji Jahan urşunda Ýaponiýanyň ýeňilmegi we Wýetnamdaky 1945-nji ýylyň awgust rewolýusiýasy Kambojada garaşsyzlyk ugrunda hereketiň ösmegine itergi berdi. 1945-nji ýylyň sentýabrynda Wýetnama garşy başlanan fransuz interwensiýasy oktýabrda Kamboja hem ýaýrady. 1945-nji ýylyň 9-njy oktýabrynda fransuz goşunlary Kamboja çozup girdiler. Fransuzlar 1946--njy ýylyň 7-nji ýanwarynda Kambojanyň koroly bilen şertnama baglaşdylar. Bu şertnama kolonizatorlaryň Kamboja gaýdyp gelýändikleriniň üstüni basyrmak üçin baglaşylypdy. Şertnamada Kamboja garaşsyzlyk bermek barada hem aýdylýardy. Emma garaşsyzlygy içki awtonomiýa hukukly derejede bermek göz öňünde tutulýardy. Şertnamada Kambojada fransuz goşunlarynyň ýerleşdiriljekdigi aýdylýardy. Kamboja dünýäniň beýleki döwletleri bilen gatnaşyk etmek gadagan edilipdi.

1946-njy ýylyň dekabrynda Demirgazyk Wýetnama çozuş guramak bilen bir wagtda, fransuzlar Kambojada käbir demokratik çäreleri hem durmuşa geçirdiler. Olar Hindihytaýda özleriniň täsirini ýeterlik güýçli hasaplap, Kambojanyň taryhynda ilkinji Konstitusiýany işläp taýýarlamaga razylyk berdiler. Parlamentiň döredilmegine ýol açyldy. Şeýle şertlerde ilkinji üç sany partiýa döredi. Olaryň içinde iň täsirlisi Kambojanyň Demokratik partiýasydy. Liberal partiýa fransuzlar bilen ylalaşmak syýasatyny ýöredýärdi.

1947-nji ýylyň 6-njy maýynda Kambojanyň Konstitusiýasy güýje girizildi. Demokratik partiýa parlament saýlawlarynda ýeňiji boldy. 1948-nji ýylyň 25-nji noýabrynda Fransiýanyň prezidenti Kambojanyň koroly Norodom Sianuga ýurduň garaşsyzlygyny ykrar edýändigi barada hat ýollapdy. Hatda Kambojanyň Hindihytaý fransuz hyzmatdaşlygynyň çäginde özbaşdak döwlet diýlip ykrar edilýändigi aýdylýardy.

1949-njy ýylyň başynda täze fransuz-kamboja şertnamasyny baglaşmak üçin gepleşikler başlandy. Gepleşiklerde Kamboja tarapy ýurduň özbaşdaklygynyň giňeldilmegini talap edipdi. Kamboja ýurtdan fransuz goşunlarynyň çykarylmagy, harby ýolbaşçylygy korolyň ygtyýaryna bermek ýaly meselelere seretmegi teklip etdi. Emma fransuzlar bu talaplary ýerine ýetirmediler. Gepleşiklerde diňe ýurduň iki welaýatyndan fransuz goşunlaryny çykarmak barada ylalaşyldy. Beýleki welaýatlardan fransuz goşunlarynyň çykaryljak möhleti baradaky soragy hem jogapsyz galdyrdylar.

Gepleşikler tamamlanandan soň, 1949-njy ýylyň 8-nji noýabrynda Parižde täze şertnama gol çekmek dabarasy boldy. Şertnama boýunça Fransiýa Kambojany garaşsyz ýurt hökmünde ykrar edýärdi. Emma onuň özbaşdaklygy doly däldi. Mysal üçin, Kamboja dünýäniň islendik ýurdy bilen gatnaşyklar etmäge hukukly diýlip, şertnamada bellenipdi. Emma Kambojaly ilçileri Fransiýa bellemelidi. Şertnama boýunça Kamboja öz goşunyny döretmäge rugsat berilýärdi. Ýöne parahatçylyk döwri Kambojanyň goşuny korola gulluk etmelidi, uruş döwründe bolsa fransuzlaryň ýolbaşçylygy astynda bolmalydy. Şertlerinden görnüşi ýaly, Fransiýa Kamboja doly özbaşdaklyk bermändi.

1949-njy ýylyň şertnamasy Kambojanyň parlamentinde goldanmandyr. Şertnamanyň düýp mazmunyna düşünen kambojaly deputatlar, şertnama garşy çykyşlary gurapdyrlar. Olar beýle şertnamanyň baglaşylmagynyň ýurda garaşsyzlyk bermeýändigini düşündiripdirler. Deputatlaryň işjeňleşmegine jogap edip, Fransiýa parlamenti dargatdy.

1950-nji ýylda Kamboja halkynyň garaşsyzlyk ugrundaky göreşi täze tapgyra gadam goýdy. Indi gepleşikler ýoly bilen däl-de, güýç bilen garaşsyzlygy gazanmak maksat edinildi. Gozgalaňlar başlandy. Fransuzlardan azat edilen ýerlerde watançylardan ybarat goşun döredildi. Syýasy partiýalar garaşsyzlyk ugrundaky göreşde birleşdiler. Ýaragly göreşe ýolbaşçylyk etmekde *Khmer Issarak (Azat Khmer)* hereketi aýratyn tapawutlandy. Ol fransuzlara garşy partizançylyk hereketini alyp bardy. 1950-nji ýylda Fransiýa bilen ABŞ-nyň arasynda Hindihytaý meselesi boýunça şertnama baglaşyldy. Ol boýunça ABŞ Fransiýany goldady.

Hindihytaý kompartiýasynyň kömegi bilen 1951-nji ýylda Halk-rewolýusion partiýasy döredi. Wýetnamly meýletinçiler Kambojanyň özbaşdaklygy ugrunda alyp barýan göreşini goldamak üçin, 1951-nji ýylyň baharynda khmer halkyna kömege bardylar. 1951–1953-nji ýyllarda khmer halkynyň azatlyk ugrundaky ýaragly göreşi has güýçlendi. Fransuzlar hereketi basyp ýatyrmakdan ejiz geldiler. Fransiýa Kambojanyň koroly Norodom Sianuk bilen gepleşikler geçirip, ondan halk gozgalaňlaryny basyp ýatyrmagy talap etdi we Kamboja kem-kemden özbaşdaklyk bermäge söz berdi. Korol ilkibada ýurda kem-kemden özbaşdaklyk berilmeginiň tarapynda bolup, fransuzlar bilen ylalaşdy. Emma Wýetnamdaky azatlyk hereketiniň üstünlikleri baradaky habarlaryň Kamboja aralaşmagy hem khmerleriň azatlyk hereketiniň has güýçlenmegine sebäp bolupdy.

Korol hem kolonizatorlar bilen ylalaşmakdan ýüz öwrüp, olara garşy göreşýänleriň tarapyna geçdi. Korol diplomatik ýollar bilen ýurduna doly garaşsyzlygyň berilmegini talap edip başlady. Korolyň bu hereketleri Kambojanyň taryhyna «*korolyň garaşsyzlyk ugrunda haçly ýörişi*» ady bilen giripdi. Korol Sianuk 1953-nji ýylyň martynda Fransiýanyň prezidenti bilen duşuşyp, ýurda doly garaşsyzlyk berilmegini talap etdi. Emma fransuz baştutanlary Kambojada hiç hili üýtgeşikligiň bolmajakdygyny oňa aýdypdylar. Sianuk Fransiýadan soň Kanada, ol ýerden ABŞ-a sapar bilen baryp, garaşsyzlyk meselesinde goldaw agtarypdy. Emma goldaw tapmandy. ABŞ bu meselede Fransiýany goldaýandygy oňa açyk duýdurypdy.

Korol Ýewropada we Amerikada wagty khmer watançylary fransuzlary birnäçe ýerlerde ýeňlişe sezewar edipdiler. Fransuzlar Kamboja özbaşdaklyk bermek barada gepleşikler geçirmäge mejbur boldular. Emma gepleşikler netije bermändi. Fransiýa doly garaşsyzlyk bermek islemän, ol ýa-da beýleki meselede Kambojanyň özbaşdaklygyny güýçlendirmek barada gepleşmek isläpdiler.

Korol Sianuk 1953-nji ýylyň iýulynyň başynda Fransiýa habar ýollap, onda halky ähłumumy gozgalaňdan saklamagyň özüne gaty kyn düşýändigini, iň gowy çykalganyň fransuzlaryň ýurtdan gitmekleridigi barada ýazypdy. Fransuz hökümeti Kambojadaky ýagdaýy hasaba alyp, 1953-nji ýylyň 3-nji iýulynda oňa garaşsyzlyk bermäge Fransiýanyň garşy däldigini aýan etdi.

1953-nji ýylyň 27-nji awgustynda Pnompende fransuz-kamboja komissiýasy işläp başlap, ol häkimiýeti Kamboja bermek baradaky meselä seretdi. 1953-nji ýylyň 17-nji oktýabrynda Kambojanyň koroly Norodom Sianuga doly häkimiýeti tabşyrmak barada ylalaşyk baglaşyldy. 1953-nji ýylyň 9-njy noýabrynda fransuz goşunlary Kambojadan çykaryldy. 1954-nji ýylda Ženewa maslahatynda Kambojanyň garaşsyzlygy halkara derejesinde ykrar edildi. Kambojadan Wýetnamyň meýletinçileri hem çykaryldy.

Garaşsyzlygyň deslapky tapgyrynda syýasy partiýalaryň işi gadagan edilenem bolsa, Norodom Sianuk käbir eglişiklere gitdi. 1955-nji ýylyň 2-nji martynda ol öz kakasy *Norodom Suramaritiň* peýdasyna tagtdan el çekip, özi premýer-ministriň kürsüsini eýeleýär. Ol öz şahsy häkimligini berkitmek maksady bilen, *Halk sosialistik bileleşigini — Sangkumy* döretdi. «*Khmer buddaçylyk korol sosializmini*» döretmek Sianugyň baş maksadydy. Bu taglymatyň esasynda bazar gatnaşyklaryny sosiallaşdyrmak, monarhiýany demokratiýalaşdyrmak, ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmak, halkara arenasynda bitaraplyk syýasatyny alyp barmak durýardy. Bu hereket 70-nji ýyllara çenli ýurtda möhüm syýasy güýç boldy. Sianugyň düzgünine garşy legal däl syýasy güýçler 1959-njy ýylda Tailandyň çäginden hökümete garşy agdarylyşyk guramaga synandylar. 60-njy ýyllarda ýurtda N.Sianugyň şahsy häkimligi has-da berkeýär. Oňa garşy çepçi güýçler *Salot Saryň* baştutanlygynda has işjeňleşýärler.

# III BAP. AFRIKADA KOLONIAL DÜZGÜNIŇ SYNMAGY



**Afrikanyň ykdysady ösüşiniň umumy häsiýetnamasy.** Ikinji Jahan urşy döwri Afrika ýurtlaryna senagat harytlarynyň az möçberde getirilmegi ýerli senagatyň ösmegine itergi berdi. Uruşdan soň metropoliýalar öz koloniýalaryndan çig mallary has köp möçberde alyp gaýtmak we uruş döwründäki ýitgileriniň öwezini dolmak üçin Afrikada ýerasty baýlyklary öndürmegi ösdürdiler. Almaz, gurşun, uran, daşkömür ýaly çig mallaryň öndürilişi birnäçe esse artdyryldy. Çig mal daşamak üçin ýollar, uçar menzilleri, ammarlar guruldy.

Afrika ýurtlarynyň her biri bir ýa-da iki sany oba hojalyk ekinlerine ýöriteleşdirildi. Mysal üçin, fransuzlar Senegaly pisse öndürmäge, Nigeri we Mawrita-




*Afrikada iňlis koloniýalarynyň garaşsyzlyk gazanmagy*



*Kwame Nkruma*

niýany maldarçylyk bilen meşgullanmaga mejbur etdiler. Iňlisler Ganany kakao, Demirgazyk Rodeziýany mis, Nigeriýany bolsa palmadan alynýan dürli ýaglary öndürmäge ýöriteleşdirdiler. Ykdysadyýetiň birtaraply ösüşi beýleki Afrika ýurtlarynda-da girizildi. Koloniýalaryň özünde ýaşaýan halklaryň islegleri, olara zerur bolan harytlaryň öndürilmegi baradaky mesele hasaba alynmady.

**Gananyň özbaşdaklyk gazanmagy. K. Nkruma.** Afrika halklarynyň öňdebaryjy wekilleri birleşip, kolonizatorlara garşy göreşmegiň zerurdygyny nygtap başladylar. Garaýagyz ilatyň wekillerinden ybarat «*Panafrika birleşigi*» atly guramanyň işjeňligi artdy. Bu gurama *Uilýam Dýubuanyň* ýolbaşçylygynda (ABŞ-da doglan) iki Jahan urşunyň aralygynda 4 gezek kongresini geçirip, garaşsyzlyk ugrunda göreşýän afrikaly watançylary birleşdirýärdi. 1945-nji ýylyň oktýabrynda guramanyň 5-nji kongresi bolup, onda üç sany jarnama kabul edildi. Olar: «*Metropoliýalara ýüzlenme», «Garaşly ýurtlaryň işçilerine, daýhanlaryna* we *intelligensiýasyna ýüzlenme*» we «*BMG ýüzlenme*» ýaly jarnamalardy. Ýokardakylaryň ikinjisini *Kwame Nkruma* taýýarlapdyr. Onda «Ähli koloniýalar daşary ýurtlaryň ykdysady we syýasy gözegçiliginden azat bolmalydyr. Koloniýalaryň ilaty daşary ýurtlaryň çäklendirmelerinden azat ýagdaýda öz hökümetlerini saýlamaga hukukly bolmalydyr» diýlip, bakna ýurtlaryň halklaryny kolonizatorlara garşy göreşe aýaga galmaga çagyryş bilen ýüzlenilipdir. Garaşsyzlyk ugrunda göreşýänlere öz partiýalaryny döretmek maslahat berlipdir.

**Gana** iňlislere bakna döwri «**Altyn kenar**» diýlip atlandyrylýardy. Ganada Kwame Nkrumanyň ýolbaşçylygynda özbaşdaklyk ugrundaky hereketler beýleki ýurtlara nusga bolupdyr. Kwame Nkruma diňe Gananyň azatlyk hereketiniň ýolbaşçysy bolman, tutuş Afrikada garaşsyzlyk ugrundaky göreşiň ykrar edilen ýolbaşçylarynyň birine öwrülipdir. Angliýa Ganadaky garaşsyzlyk ugrundaky hereketiň beýleki iňlis koloniýalaryna täsir etmeginden howatyrlanyp hem-de azatlyk hereketini basyp ýatyrmak üçin, ony sürgün edip görüpdir. Emma Kwame Nkrumanyň sürgün edilmegi tersine, azatlyk hereketine has giň halk köpçüliginiň gatnaşyp başlamagyna getiripdir. Sürgünden gelip, K. Nkruma ýene-de giň halk köpçüligini herekete çekmek üçin göreşipdir. 1949-njy ýylda *Halk partiýasynyň konwenti* (HPK) atly partiýa döredipdir. Ony ýene tussag edipdirler. Iňlisler Altyn kenaryň konstitusiýasyny kabul etmäge rugsat beripdirler. Emma bu konstitusiýa diňe ýerli halklardan dolandyryşa çekmäge hukuk berýärdi. Ýurduň garaşsyzlygy barada onda hiç zat aýdylmaýardy. Şol Konstitusiýa boýunça 1951-nji ýylda ählumumy saýlawlar esasynda kanun çykaryjy ýygnak döredilipdir.

Iňlis hökümeti Kwame Nkruma tussaglykda wagty onuň partiýasynyň saýlawlarda ýeňilmegine umyt baglapdyrlar. Emma saýlawlarda HKP ýeňiş gazanypdyr we

iňlisler K. Nkrumany tussaglykdan boşatmaga, ony dolandyryşa çekmäge mejbur bolupdyrlar. K. Nkruma 1954-nji ýylda ýurduň täze konstitusiýasynyň kabul edilmegini gazanypdyr. Emma bu konstitusiýada hem ýurduň garaşsyzlygy barada hiç zat aýdylmaýardy. K. Nkruma halky doly garaşsyzlyk gazanmak üçin göreşe çagyrypdyr. Iňlisler täzeden saýlawlar geçirip, halkyň, hakykatdan-da, K. Nkrumanyň özbaşdaklyk baradaky taglymatyny goldaýandyklaryny ýa-da iňlisler bilen öňki gatnaşyklarda galmak isleýändiklerini anyklamak isläpdirler. Olar saýlawlarda K. Nkrumanyň tarapdarlarynyň ýeňilmegine bil baglapdyrlar. Emma K. Nkruma we onuň partiýasy ýeňiş gazanypdyr. Angliýa indi Altyn kenara özbaşdaklyk bermegi makul bilipdir. Özbaşdak döwlet kolonizatorlaryň dakan adyny aýryp, gadymyýetde atlandyrylyşy ýaly, ýurdy *Gana* diýip atlandyrypdyr. Şeýlelikde, K. Nkrumanyň ýolbaşçylygynda alnyp barlan göreş 1957-nji ýylyň martynda ýurt garaşsyzlygynyň jar edilmegi bilen tamamlanypdyr. 1960-njy ýylda Gana respublika diýlip jar edilipdir.

**Gwineýa Respublikasynyň döremegi.** Eger iňlis kolonial mülkleriniň içinde Gana ilki bolup özbaşdaklyk gazanan bolsa, Fransiýanyň koloniýalaryndan bu işde ilkinjilik Gwineýa degişlidir. Fransiýa 1904-nji ýylda Günbatar Afrikada eýelän ýerlerini birleşdirip, *Fransuz Günbatar Afrikasy* atly kolonial federasiýany döredipdi. Gwineýa hem şoňa birleşdirilipdi. Ikinji Jahan urşundan soň şol federasiýa birleşdirilen sekiz ýurduň içinde azatlyk hereketinde Gwineýa öňbaşçy bolupdy.

1946-njy ýylda Fransuz Günbatar Afrikasynyň resmi ady üýtgedilip, *Fransuz bileleşigi* diýlip atlandyryldy. Saýlaw esasynda Fransuz bileleşiginiň Uly geňeşi we onuň ýerli edaralary döredildi. Ýerli dolandyryş edaralaryna afrikalylar çekildi. Elbetde, bu özgertmeler bellibir netijelerini berdi. Fransuz bileleşiginiň ýurtlarynyň esasy böleginde ýerli halkyň azatlyk ugrundaky göreşi kiparlady. Bu bolsa Fransiýany arkaýynlaşdyrdy. Fransiýa 1958-nji ýylda Fransuz bileleşiginiň adyny *Fransuz hyzmatdaşlygy* diýip üýtgetdi. Fransiýa hyzmatdaşlygyň çäklerinde iki tarapa bähbitli aragatnaşyklaryň boljakdygyny aýtdy. Öz koloniýalaryna käbir meselelerde kömek etdi. Fransuz hyzmatdaşlygyna girmek meselesini her ýurduň özi (Alžirden başgasy) 1958-nji ýylyň sentýabrynda geçiriljek ählihalk sala salyşlygynda (referendumda) çözmelidi. Fransuz hyzmatdaşlygynyň prezidenti Fransiýanyň prezidenti bolmalydy. Ähli Fransuz hyzmatdaşlygynyň agzalarynyň içinde sala salyşlykda diňe Gwineýanyň halky *Seku Tureniň* baştutanlygynda hyzmatdaşlykdan ýüz öwrüp, özbaşdaklyga ses berdi.



***Ahmet Seku Ture** (1922–1984) – Gwineýanyň syýasy, döwlet we jemgyýetçilik işgäri. Ýazyjy, kolonializme garşy işjeň göreşiji. 1958–1984-nji ýyllarda Gwineýanyň ilkinji prezidenti. SSSR we sosialistik lageriň ýurtlary bilen ýygjam gatnaşyklary saklamagyň tarapdary bolupdyr.*

Seku Tureniň baştutanlygyndaky *Demokratik partiýa* döredilipdi. Bu partiýa özbaşdaklygyň artykmaçlyklaryny halka düşündirmegi başarypdyr. Fransiýa sözünde durup, 1958-nji ýylyň 2-nji oktýabrynda özbaşdak Gwineýa respublikasynyň döredilýändigi jar edilýär. Ýurduň ilkinji prezidentligine *Ahmet Seku Ture* saýlanylýar. 1958-nji ýylyň dekabrynda Gwineýa respublikasy BMG-niň düzümine kabul edilýär. Fransiýanyň ykdysady gabaw yglan edendigine garamazdan, Gwineýa garaşsyzlygyny goramagy başardy.

**1960-njy ýyl – Afrika ýyly. Afrikada ýewropalylaryň kolonial imperiýalarynyň synmagy.** Gananyň iňlislerden, Gwineýanyň fransuzlardan özbaşdaklyk almagy Afrikada fransuz we iňlis kolonizator imperiýalarynyň synmagynyň başyny başlapdy. Keniýanyň, Kamerunyň halklary özbaşdaklyk ugrunda ýaragly göreş alyp barýardylar. Afrika halklaryny indi garaşly ýagdaýda saklap boljak däldi.



Eger garaşsyzlyk berilmese, ony olaryň özleri zor bilen aljakdylar. Garaşsyzlyk ugrundaky göreşlerde käbir Afrika ýurtlary parahatçylykly ýollary saýlan bolsa, käsi ýaragly göreş ýoluny saýlapdy. Şeýle şertlerde 1960-njy ýylda BMG-niň Baş Assambleýasy özüniň ýörite sessiýasyny geçiripdi. Onda garaşly we kolonial halklara özbaşdaklyk bermek meselesi ara alnyp maslahatlaşylypdy. Şol sessiýada garaşly ýurtlara özbaşdaklyk bermek hakynda karar kabul edildi. Bu kararyň kabul edilmegi we Afrika halklarynyň göreşiniň netijesinde diňe 1960-njy ýylda Afrikanyň 17 ýurdy garaşsyzlyk gazandy. Öň taryhda bir ýylda beýle köp ýurduň garaşsyzlyk gazanan wagty bolmandy. 1960-njy ýyl bütindünýä taryhyna «*Afrika ýyly*» ady bilen girdi.

Gananyň täsiri we Afrikadaky azatlyk hereketiniň güýçlenmeginiň täsiri bilen 1960--njy ýylyň 1-nji oktýabrynda Nigeriýa, 1961-nji ýylyň sentýabrynda Sýerro-Leone, soňrak Tanzaniýa, Uganda, Keniýa we ş.m. özbaşdaklyk gazanyp, Angliýanyň Afrikadaky kolonial imperiýasy syndy. Afrikadaky iňlis eýeçilikleriniň iň soňky garaşsyzlyk gazanany Zimbabwe bolup, ol 1980-nji ýylyň 18-nji aprelinde garaşsyz boldy. Onuň ilkinji prezidenti Robert Mugabe boldy. Şeýlelikde, Afrikada iňlislere bakna ýurt galmady.

Fransiýanyň Afrikadaky koloniýalarynyň 12-si 1960-njy ýylyň ahyryna çenli özbaşdaklygyny jar etdiler. Afrikada fransuz kolonial imperiýasy hem dargady.

Afrikada iň uzak saklanan kolonial imperiýa Portugaliýanyňkydy. Portugaliýanyň baknalarynyň arasynda ilkinji özbaşdaklyk alany Gwineýa-Bisau boldy. Bu ýurduň halky 10 ýyl çemesi ýaragly göreş alyp baryp, özbaşdaklyk gazanmagy başardy. Gwineýa-Bisau 1973-nji ýylyň sentýabrynda respublika diýlip jar edildi. Kabo-Werde adalary 1975-nji ýylda garaşsyz boldy. Portugaliýanyň Afrikadaky iň iri eýeçilikleri Angola we Mozambikdi. Olar Portugaliýanyň özünde rewolýusiýa bolup, täze hökümet häkimiýete gelenden soň, 1975-nji ýylda özbaşdaklyk aldylar. Angolada raýatara urşy tutaşyp, Angolany halas etmek ugrundaky Halk hereketi (MPLA) kömek sorap, SSSR-e we Kuba ýüz tutdy. 1975-nji ýylyň 11-nji noýabrynda Angolanyň garaşsyzlygy jar edildi.




*Afrikanyň ýurtlarynyň garaşsyzlyk alan seneleri*

Zimbabwe özbaşdaklyk gazanandan soň, Afrikada ýeke-täk garaşly ýurt galypdy. Ol hem Namibiýady. 1949-njy ýylda ony BMG-niň garşylygyna garamazdan, Günorta Afrika Bileleşigi öz düzümine goşupdy. 1990-njy ýylyň 21-nji martynda Afrikada iň soňky kolonial ýurt bolan Namibiýanyň garaşsyzlygy jar edildi.

**Kongo respublikasynyň döredilmegi. P.Lumumba.** Afrikada kolonial imperiýalaryň dargaýan wagty Belgiýa öz koloniýalaryny saklamaga synandy. Emma onuň eýeçiliklerinden Kongoda azatlyk hereketiniň öňüni almak oňa başartmady. 1960-njy ýylyň 30-njy iýunynda Kongo özbaşdaklygyny jar etdi. Emma kolonizatorlar şol ýyl Kongoda döwlet agdarylyşygyny guramaga kömek etdiler. Garaşsyz Kongo döwletiniň ilkinji hökümet bastutany *Patris Emeri Lumumbanyň* hökümeti agdaryldy. P.Lumumba we birnäçe beýleki watançylar wagşylarça öldürildi.




***Patris Emeri Lumumba** (1925–1961) – afrikan syýasy we döwlet işgäri. Häzirki Kongo Demokratik Respublikasynyň (1971–1997-nji ýyllarda Zair Respublikasy) ilkinji premýer-ministri. Ýaşlygynda poçta gullukçysy we kätip bolup işleýär. Antwerpen uniwersitetiniň hukuk fakultetini gaýybana tamamlaýar. 1955-nji ýylda Konga sapara gelen Belgiýa koroly bilen duşuşýar. Özüniň göwnünden turan bu söhbetdeşini korol Belgiýa çagyrýar. P.Lumumba korola özüniň Kongodaky jynsparazlyk baradaky kitabyny görkezýär. Ýurduna gelen badyna ony tussag edip, türmä salýarlar. Türmeden çykansoň, P.Lumumba ýurduny kolonial düzgünden halas etmek ugrundaky göreşe başlaýar. Ýurtda watançylyk hereketiniň artandygyndan çekinip, Belgiýa 1960-njy ýylda Konga garaşsyzlyk berdi. Emma tiz wagtda daşary ýurtlaryň goldamagynda general Mobutu ýurtda harby agdarylyşyk geçirip, P.Lumumbany tussag etdi. Ol az wagtdan jezalandyrylyp öldürildi.*

Belgiýa garaşly Burundi we Ruanda hem garaşsyzlygyny gazandy.

**Günorta Afrikada «aparteid» syýasaty. Günorta Afrika Respublikasynyň döremegi.** 1910-njy ýylda Günorta Afrika bileleşigi döräpdi. Ol içerki syýasatda giň özbaşdaklykdan peýdalansa-da, daşary syýasatda Beýik Britaniýanyň diýeni bilen bolmalydy. Bu bileleşik ýeňiji iňlisler bilen ýeňlen *burlaryň* arasynda baglaşylan gizlin ylalaşygyň netijesinde döräpdi. Ol Afrikanyň ýerli halkynyň bähbidini hiç hili göz öňünde tutmaýardy. Oňa laýyklykda, ýurduň dörtden üç bölegini tutýan garaýagyz ilatyň hukuklary kemsidilýärdi. Jynsy, territorial, medeni taýdan kemsitmek syýasaty resmileşdirilip, ol *aparteid* adyny alýar.

Afrikada özbaşdaklyk hereketiniň ösýän wagty 1960-njy ýylda Günorta Afrikada sala salyşlyk geçirilýär. Oňa diňe akýagyz ilat gatnaşdyrylypdyr. 1961-nji ýylyň 31-nji maýynda ýurt resmi *Günorta Afrika Respublikasy* diýlip jar edilýär. Emma ýurduň respublika diýlip jar edilmegine garamazdan, ýerli garaýagyz ilatyň hukuklarynyň gysylmagynyň soňuna çykylmandyr. «*Aparteid*» syýasaty dowam etdirilipdir. Işe alnanda-da, oňa hak tölände-de, hatda bilim berlende-de ilatyň jynsy alamatlary göz öňünde tutulýardy. Garaýagyz ilatyň ýaşaýan ýerlerinde «*milli*

*ojaklar» – bantustanlar* döredilipdir. Olara ýurduň 87%-ini tutan bu çäginden çykmak gadagan edilipdir. Bu syýasata garşy ýadawsyz göreşen *Nelson Mandeladyr*. 1960-njy ýylda Ýohannesburgyň eteginde Şarpewil diýen ýerde köpçülikleýin raýat boýun egmezlik hereketi bolup, ol hökümet tarapyndan oka tutulýar.



***Nelson Rolihlahla Mandela** (1918–2013) – aparteid şertlerinde adam hukuklary ugrunda işjeň göreşiji. Ol bu syýasatyň ýok edilmegi üçin onlarça ýyl tussaglykda oturmagyna garamazdan, göreşýär we garaýagyz ilatdan ilkinji bolup, 1994–1999-njy ýyllarda Günorta Afrika Respublikasynyň prezidenti bolýar. 1993-nji ýylda oňa Nobel baýragy berilýär. Mandela ikinji möhlete prezident saýlanmagy ret etdi. Milli Lider hökmünde haýyr-sahawat işlerini amala aşyrmaga ýolbaşçylyk etdi.*

GAR XX asyryň ahyrlaryna çenli adam hukuklarynyň iň bir bozulýan, jynsparaz syýasatly döwlet hasaplanylýardy. Emma bu ýurduň ýerli halky Nelson Mandelanyň ýolbaşçylygynda gaýduwsyzlyk bilen göreşip, jynsparaz aparteid düzgüniniň ýatyrylmagyny gazandy. Nelson Mandelany 27 ýyl tussaglykda saklaýarlar. Emma ony ýurdunyň garaýagyz ilatynyň akýagyzlar bilen deňhukukly bolmagy baradaky pikirinden dändirip bilmeýärler. Onuň erkini syndyryp bilmän, 1990-njy ýylda, 72 ýaşly Mandelany tussaglykdan boşadýarlar. Ol tussaglykdan çykan dessine ýene-de Afrikanyň milli kongresine ýolbaşçylyk edip, demokratik saýlawlary talap edip başlaýar. 76 ýaşly Nelson Mandela 1994-nji ýyldaky saýlawlarda ýeňip, ýurduň ilkinji garaýagyz prezidenti bolýar. Prezident bolandan soň, özüne öň sütem edenleriň ählisiniň günäsini geçýär. Onuň belent geçirimlilik häsiýeti barada dünýä metbugatynda gaty köp ýazýarlar. Ol halkara baýraklarynyň birnäçesiniň, şol sanda dünýäde parahatçylygy gorap saklamakda goşan goşandy üçin Nobel baýragynyň eýesi bolýar. Ol 81 ýaşynda, 1999-njy ýylda prezidentlik wezipesini tabşyrýar. 1999-njy ýyla çenli demokratik çäreleriň toplumyny durmuşa geçirmegi başarýar. Ine, olaryň iň möhümleri:

– 6 ýaşa çenli çagalara, şeýle hem göwreli we emdirýän aýallara mugt lukmançylyk hyzmatlary girizildi;

– ýaşaýyş-durmuş hyzmatlaryny maliýeleşdirmäge gönükdirilen «Abatlaýyş we ösüş maksatnamasy» girizildi;

– döwlet kömek pullarynyň möçberi artdyryldy;

– oba ýerlerinde garaýagyzlaryň çagalary üçin pul kömekleri girizildi;

– ýerleri elinden alnanlaryň ýerleri gaýtarylyp berildi;

– işe ýerleşmekde jynsy tapawutlar aradan aýryldy;



*N.Mandelanyň hatyrasyna tussag edilen şäheri Hauwikde 2012-nji ýylda gurlan adaty bolmadyk ýadygärlik*

– 3 *milliondan* gowrak adam telefon ulgamyna, 2 *milliondan* gowrak adam elektrik ulgamyna birikdirildi;

– 500-den gowrak klinika abatlanyldy we guruldy;

– 750 *müňden* gowrak jaý gurlup, olara 3 *million* adam göçüp bardy;

– 3 *milliondan* gowrak adam suw bilen üpjünçilige eýe boldy;

– 6–14 ýaşyndaky çagalar üçin hökmany bilim girizildi;

– 3,5–5 *million* aralygynda mekdep okuwçysy mugt naharlanmaga mümkinçilik aldylar.

GAR Afrikanyň ösen döwletleriniň biridir. Ol dünýäniň altyn, almaz, uran, marganes, hromit gorlarynyň köp bölegine eýedir.

**Garaşsyz Afrika döwletleriniň ösüş ýollaryny saýlamagy.** Afrika ýurtlary garaşsyzlyk alanlaryndan soň, olaryň öňünde ösüş ýoluny saýlamak meselesi kynçylyk döretdi. Şol döwürde dünýä döwletleri iki sany topara bölünip, olaryň birine ABŞ, beýlekisine SSSR ýolbaşçylyk edýärdi. Afrika döwletlerinde SSSR-iň täsirine düşenler sosialistik ugurly ösüş, ABŞ-nyň toparlanyşygyna düşenler bazar ykdysadyýetli ösüş ýoluny saýladylar. «Sowuk uruş» döwri Afrika ýurtlary haýsy hem bolsa bir toparlanyşygyň täsirine düşmäge mejbur bolupdy. SSSR garaşsyzlygyny alan Afrika döwletlerinde öz täsirini pugtalandyrmaga synanyşdy. Ol Müsür, Liwiýa, Efiopiýa, Somali, Mozambik, Angola ýaly döwletlere harby ýa-da ykdysady kömek bermek bilen, olary öz gözegçiliginde saklajak boldy. Olaryň döwlet ýolbaşçylary şol döwürde sosializme ýykgyn etdiler. Bulardan başga-da, Gana, Gwineýa, Mali...ýaly döwletlerde-de marksçylyk nusgasyndaky sosializm synag edilmäge synanyşyldy.

Garaşsyzlygyny gazanan Afrika döwletleriniň arasynda döwlet gurluşynyň görnüşlerini saýlap almak meselesi keserip durdy. Gananyň prezidenti *Kwame Nkruma* sebitiň döwletlerini federatiw esasda bir döwlete – *Afrikanyň Birleşen Ştatlaryna* birleşdirmek teklibi bilen çykyş etdi. Emma bu teklip goldaw tapmady.

Döwlet gurluşynda ýeterlik tejribäniň bolmazlygy syýasy kynçylyklara getirdi. Ýewropa döwletlerinden parlament dolandyryşyny nusga edinmäge synanyşyldy. Köppartiýaly ulgamy nusga edinmek bolsa syýasy gapma-garşylyklara, jemgyýetiň dürli toparlarynyň arasyndaky oňuşmazlyga getirdi. Garaşsyzlykdan soňky 40 ýylyň dowamynda sebitde 100-den gowrak döwlet agdarylyşygy bolupdyr.

Afrika döwletleriniň köpüsinde tire-taýpa oňuşmazlygy zerarly raýatara uruşlary başlandy.

**Afrikanyň syýasy kartasy.** Afrikanyň tutýan meýdany – 30,2 *mln* inedördül kilometr. Ilaty – 2013-nji ýylyň maglumaty boýunça 1 *mlrd* 100 *mln* adam. Afrika Aziýadan soňra ilaty boýunça dünýäde 2-nji ýerde durýar. Bütindünýä Bankynyň maglumaty boýunça 2014-nji ýylda diňe Tropiki Afrikanyň ilaty 1 *mlrd* adama golaýlady. Bu sebitde her bir aýal ortaça 5 sany çaga dogurýar.

Afrikany okuw we ylmy edebiýatlarda iki bölege bölýärler. Olaryň birinjisine *Demirgazyk Afrika*, ikinjisine *Tropiki Afrika* diýilýär. Demirgazyk Afrikada, esasan, araplar ýaşaýarlar. Tropiki Afrikada bolsa birnäçe halklardan ybarat *garaýagyz ilat* ýaşaýar. Şol sebäpli bu sebite **Gara Afrika** hem diýilýär. Tropiki Afrikany käbir kitaplarda *Saharadan günortadaky Afrika* diýip hem atlandyrýarlar. Agzalan sebitiň Liberiýadan başga ähli ýerleri Beýik Britaniýanyň, Fransiýanyň, Germaniýanyň, Belgiýanyň, Italiýanyň, Portugaliýanyň, Ispaniýanyň koloniýasy boldy. 2016-njy ýylda Tropiki we Günorta Afrikada 48 sany döwlet we 3 sany garaşly çäk bardy. *Tropiki Afrikany* hem Birleşen Milletler Guramasy şertli *Günbatar*, *Merkezi, Gündogar* we *Günorta* böleklere bölýär (*karta seret*).




**Günbatar Afrikada** 16 sany döwlet bar we 1 sany garaşly çäk bar (tutýan meýdany 5 *mln* 113 *müň* inedördül km, ilaty 340 *mln* adam). Olaryň Ganadan başgasynyň çägi hem giň däl, ilaty-da 10 *milliona* ýetmeýär. Sebite:

*Gwineýa* (Senegal, Gambiýa, Gwineýa-Bisau, Gwineýa, Sýerra-Leone, Liberiýa, Kot-d’Iwuar, Gana, Togolez, Benin, Nigeriýa);

*Günbatar Sahel* Sahara çöli bilen Sudan sawannalarynyň aralygy bolup, oňa Sudan, Günorta Sudan, Mali, Burkina-Faso, Niger, Mawritaniýa girýär;

*Atlantik ummanynyň adalaryna* Kabo-Werde, Angliýanyň mukaddes Ýelena, Wozneseniýa, Tristan-da-Kunýa deňizaňyrsy çäkleri girýär.

**Merkezi Afrikada** 9 sany döwlet bar (tutýan meýdany 6 *mln* 613 *müň* inedördül km, ilaty 133 *mln* adam). Oňa Günbatar Afrikanyň gündogaryndaky Sudan guşaklygyndaky hem-de käbir ekwatorial döwletler girýär (*Angola, Nigeriýa, Zair, Kongo, Kamerun, Niger, Çad, Merkezi Afrika Respublikasy, Gabon, Ekwatorial Gwineýa, San-Tome we Prinsipi adalary*). Sebitiň iň iri döwleti Nigeriýadyr (ilaty 115 *mln* adam).

**Gündogar Afrikada** 12 sany döwlet we 2 sany garaşly çäk bar (tutýan meýdany 8 *mln* 868 *müň* inedördül km, ilaty 394 *mln* adam). Gündogar Afrika öz içinde:

*Günorta Nil* (Sudan, Günorta Sudan);

*Afrikan şahy* (Efiopiýa, Eritreýa, Jibuti, Somali, Somalilend-Putlend awtonom çägi);

*Beýik Afrika kölleri* (Keniýa, Tanzaniýa, Uganda, Ruanda, Burundi);

*Günorta-Gündogar Afrika* (Mozambik, Malawi, Zambiýa, Zimbabwe);

*Hindi ummanyndaky adalary* (Madagaskar, Mawrikiý, Seýşel, Komor adalary, Fransiýanyň Maýotta we Reýunýon deňizaňyrsy çäkleri) ýaly kiçi sebitlere bölünýär.

**Günorta Afrikada** 5 sany döwlet bar (tutýan meýdany 2 *mln* 676 *müň* inedördül km, ilaty 60,6 *mln* adam). Bu sebitde Namibiýa, Botswana, Günorta Afrika Respublikasy, Lesoto, Swazilend döwletleri bar.

Görşümiz ýaly, bu dördüsiniň arasynda çägi we ilaty babatda iň ulusy *Gündogar Afrikadyr*, iň kiçisi bolsa *Günorta Afrikadyr*.

Tropiki Afrikanyň köp döwletleri dünýewi ýurtlardyr. Döwlet dini diňe 4 sany ýurtda Jibutide (yslam), Mawritaniýada, Somalide, Komor adalarynda (yslamyň sünni mezhebi) bar.

Dünýäniň iň garyp ýurtlary diýlip ykrar edilen ýurtlaryň esasy bölegi (2013-nji ýylda 29-sy) Tropiki Afrikada ýerleşýär. Emma garyp ýurtlaryň baý ýurtlara öwrülmegi taryhda köp bolýan hadysa. Şonuň üçin ýakyn wagtda Tropiki Afrikanyň 29 sany garyp ýurdunyň tiz wagtda garyplykdan çykmagy hem mümkin. Soňky wagtlarda Afrikanyň ykdysadyýetine daşary ýurtlaryň maýa goýumlarynyň artmagy 2013-nji ýyldan başlap, bu ýurtlaryň ösüşiniň çaltlanmagyna getirýär. Alymlar hem Afrika ýurtlarynyň ykdysady ösüşiniň ýakyn ýyllarda has çaltlanmagyna garaşýarlar. HHR-iň Başlygy Si Szinpiniň sözleri bilen aýtsak: **«Afrika «umydyň sebiti» we «ösüşiň sallançagy». Bu günki Afrika eýýäm iň çalt ykdysady ösüşi görkezýän sebite öwrüldi. Afrikan şiri çalt depgin bilen öňe omzaýar».**

Aýratyn-da, yzagalak, garyp ýurtlar hasaplanýan Tropiki Afrikanyň ýurtlarynyň tiz ösmegine garaşylýar. Ekwatorial Gwineýada, Seýşel adalarynda, GAR-da, Gabonda, Mawrikiýde, Botswanada, Namibiýada, Angolada JIÖ-niň jan başyna mukdarynyň artmagy munuň subutnamasydyr. Bütindünýä bankynyň maglumatlaryna görä, 2013-nji ýylda Afrika iň çalt ösýän kontinent hasaplandy, Halkara Pul gaznasynyň maglumatyna görä bolsa, ösüşi boýunça Aziýadan soň dünýäde 2-nji ýerde diýlip kesgitlenildi. 2001–2010-njy ýyllar aralygynda Afrikanyň 6 sany ýurdy ykdysady ösüşi boýunça dünýäde iň ýokary derejäni eýelediler. Ykdysatçylar 2050-nji ýyla çenli sebitiň JIÖ-niň 29 *trln* dollara çenli artjakdygyny çaklaýarlar. Soňky 30 ýylyň dowamynda nebitiň we gazyň gorlarynyň köp tapylmagy sebite uly girdejileri getirip başlady. Nigeriýa, Angola, Sudan, Günorta Sudan, Ekwatorial Gwineýa, Kongo, Gabon, Çad, Kamerun, Kot-d'Iwuar, Kongo Demokratik Respublikasy ýaly döwletler Afrikada iri nebit eksportýorlarydyr. Nigeriýa nebit gorlary boýunça dünýäde 10-njy ýerde durýar. Efiopiýa garyp ýurt. Emma hal-



*Bu bosgunlar 80-nji ýyllaryň ortasynda ýüzleçe müň efioplaryň hatarynda watanlarynda hökүm sürýän uruşdan we açlykdan Sudana gaçypdylar. (UNHCR/M. VANAPPELGHEM/1985)*

kara bilermenleriniň berýän bahasyna görä, ol ýyllyk 7% ösüş gazanýar. Soňky 20 ýylda bu ýurtda 30 sany uniwersitet açyldy.

Afrikanyň ýurtlarynyň arasynda tutýan meýdany boýunça, 2011-nji ýyla çenli, iň ulusy Sudandy. Emma ondan 2011-nji ýylda Günorta Sudan bölünip aýrylandan soň, ol Afrikada iň uly döwlet bolmagyny bes etdi. Häzirki wagtda meýdany boýunça iň ulusy Alžir, ikinjisi Kongo demokratik Respublikasy boldy. Sudan bolsa üçünji uly döwlete öwrüldi. Afrikadaky meýdany boýunça iň kiçi döwlet Seýşel adalary Respublikasydyr (455 inedördül kilometr).

2013-nji ýylyň maglumatlary boýunça, tutuş Afrikada ilaty boýunça iň ululary Nigeriýa (174 *mln*), Efiopiýa (95 *mln*), Müsür (82 *mln*), Kongo demokratik Respublikasy (67 *mln*), Günorta Afrika Respublikasy (53 *mln*) ýaly döwletlerdir. Ilaty boýunça iň uly şäher Müsüriň paýtagty Kairdir. Iň gür ilatlysy Mawrikiý, seýrek ilatlysy bolsa Namibiýa döwletleridir.

Afrikada 55 döwlet bar. Afrikanyň döwletleriniň 3-si monarhiýa (Marokko, Lesoto, Swazilend), galanlary respublikadyr. Olaryň dolandyryş çäk gurluşy boýunça GAR, Sudan, Nigeriýa, Komor adalary, Efiopiýa, Günorta Sudan, Somali federasiýalardyr, galanlary unitar respublikalardyr. GAR, Botswana, Efiopiýa, Mawrikiý, Somali, parlament respublikalarydyr. Swazilendde absolýut monarhiýa saklanyp galsa, Lesotoda konstitusion parlament monarhiýasy dowam edýär. Afrika döwletleriniň ählisi BMG-niň, 53-si Afrika bileleşiginiň agzasydyr. Olardan Milletleriň Britan arkalaşygyna, Yslam hyzmatdaşlyk guramasyna, portugal dilli ýurtlaryň Arkalaşygyna, Halkara frankofoniýa guramasyna girýänleri bar. Sebitde birnäçe içerki sebit goşulyşmalary bar (*Merkezi Afrika ýurtlarynyň Ykdysady bileleşigi, Gündogarafrikan bileleşigi, Afrikanyň günortasyny ösdürmegiň bileleşigi, Günbatar Afrika ýurtlarynyň ykdysady bileleşigi*).

**Iki asyryň sepgidinde Afrika ýurtlarynda çözmesi kyn bolan meseleler.** Afrika sebitinde çözmesi kyn bolan meseleleriň ençemesi bar. Olaryň *ilkinjisi* Afrikanyň dünýäniň ösen döwletlerine çig mal çesmesi we satuw bazary bolup hyzmat etmegi ýerli halkyň bähbidine däldir. Bu ýagdaý milli senagatyň ösmegine ýaramaz täsir edýär. Dünýäniň ösen döwletleri bu sebitiň çig malyny mümkin boldugyndan arzan alyp, oňa özüniň taýýar önümlerini satýarlar. Sebitiň köp döwletlerinde çig malyň we tehniki ekinleriň käbir ugurlaryna ýöriteleşme (Gwineýa – boksitler, Zambiýa – mis, Efiopiýa, Kot-d’Iwuar – kofe, kakao,Tanzaniýa – çaý, kofe, pagta) saklanyp galýar.

*Ikinjisi*, Tropiki Afrika döwletleriniň ilatynyň garyplygy meselesidir. Sebitiň döwletleri ösen döwletlere bergidar bolup durýar. Dünýäniň iň garyp döwletleriniň 36-synyň 26-sy Tropiki Afrikada ýerleşýärdi. XXI asyryň başynda olaryň bergisi 370 *mlrd* dollardan geçdi. Ilatyň jan başyna düşýän girdeji boýunça ol dünýäde iň yzagalak sebitdir.

## Beýik Kölleriň sebitindäki bosgunlaryň sany, 1960–2000 ý.




## Ruandadan we Burundiden bosgunlaryň hereketi 1994–1999 ý.



*Üçünjisi*, amatsyz howa şertleri. Demirgazyk Afrikada çölleşmek, Tropiki Afrikada tokaýlaryň ýok edilmegi bilen bagly çözmesi kyn ekologik meseleler döreýär. Afrikada ilatyň ortaça ýaşy has pes. Yssy howa şertleri we gurakçylyk, açlyk ilatyň biwagt ýogalmagyna sebäp bolýardy. Diňe 80-nji ýyllarda 2 *mln* afrikaly şol zerarly ýogalypdy. 2013–2015-nji ýyllarda diňe Günbatar Afrikada ýokanç kesellerden 30 *müň* adam ýogaldy.

*Dördünjisi*, ilatyň çalt artmagy azyk üpjünçiligine uly howp salýar.

*Bäşinjisi*, işsizlik hem sebitiň ýiti meselesidir.

*Altynjysy*, sowatsyzlaryň sanynyň köp bolmagy. Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň 70%-iniň bilim almaga mümkinçiligi bar;

*Ýedinjisi*, ýokanç keselleriň ýaýramagy. Dünýäde SPID bilen kesellänleriň 70%-i Afrikadadyr.

*Sekizinjisi*, sebitiň döwletleriniň arasynda taýpaara, milletara, dinara we serhet dawalary Afrikada çözmesi kyn meseleleriň esasylarynyň biridir. Afrika döwletleriniň hojaýynlary koloniýalaryna özbaşdaklyk berende, olaryň ykdysady, etniki bähbitlerinden däl-de, arassa geografik ölçeglerden ugur alyp bölüşdirýärler. Afrikanyň syýasy kartasyna üns berseňiz, döwletleriň serhetleriniň olaryň birnäçesiniň meridianlar we paralleller boýunça geçirilendigine göz ýetirersiňiz. Beýle ýagdaý birnäçe serhet dawalarynyň häli-şindi ýüze çykyp durmagyna getirýär. 1974–2014-nji ýyllar aralygynda 40 ýylyň dowamynda Afrikada 50-den gowrak harby çaknyşyk bolup, olarda 5 *mln* gowrak adam ýogaldy, 24 *mln* adam ejir çekdi, 18 *mln* adam öý-öwzaryny taşlap, bosgun boldy. Geçen asyryň 90-njy ýyllarynda 15-den gowrak afrikan döwletinde harby hereketler alnyp baryldy (Angola, Efiopiýa, Liberiýa, Kongo Respublikasy, Sýerra-Leone, Mozambik, Somali, Çad, Mawritaniýa, Senegal, Sudan, Mali, Uganda, Burundi, Ruanda we Zair /häzirki Kongo Demokratik Respublikasy/). Diňe XXI asyrda (2014-nji ýyla çenli) Afrikada dürli uruşlaryň 17-si boldy. Olaryň arasynda iň köp gyrgynçylyklysy 2003–2009-njy ýyllardaky Sudandaky Darfur dawalarydyr. Bu uruş Sudanyň hökümeti bilen gozgalaňçy garaýagyz sudanlylaryň arasynda başlanýar. Sudanda araplar bilen garaýagyz ilatyň arasynda başlanan bu uruş Darfurda nebitiň tapylmagy bilen has güýçlenýär. Nebitiň tapylmagy bilen, bu dawa dünýäniň beýleki döwletleri hem goşulýarlar. Olaryň käsi gozgalaňçylary goldasa, beýlekileri Sudanyň hökümetini goldaýarlar. Uzaga çeken bu uruşda iki tarapdan BMG-niň hasaplamalary boýunça 300 *müň* adam öldürilýär. Afrikada şuňa meňzeş gyrgynçylykly uruşlaryň köp bolmagy ilatyň ýeňil bolmadyk durmuşyny has-da agyrlaşdyrýar.

1992–1993-nji ýyllarda Somalide (Gündogar Afrika) raýatara urşunyň soňuna çykmak üçin, bu ýurda amerikan goşunlary girizildi. Emma ABŞ bu ýurtda taraplary ylalaşdyrmagy başarmady. Dini-konfessional esasdaky çaknyşyklar Afrikada raýatara uruşlarynyň yzygider bolup durmagyna getirýär. 2011-nji ýylda Sudan şol esasda ikä bölünip, dünýä kartasynda *Günorta Sudan Respublikasy* atly täze döwlet peýda boldy.

**Afrikanyň demirgazyk-gündogarynda 80-nji ýyllarda bosgunlaryň esasy akymlary**




Ugandada (1987 ý.bäri), Nigeriýada (2009 ý.bäri), Merkezi Afrika Respublikasynda (2012 ý.bäri), Günorta Sudanda (2013 ý.bäri) ýaragly çaknyşyklar dowam etdi.

Sebitdäki raýatara uruşlaryň, etno-konfessional dawalaryň netijesinde millionlarça adam bosgunlara öwrüldi.



*Çadda darfurly bosgunlaryň lageri*

1986-njy ýylda BMG Afrikany ýokary galdyrmak we ösdürmek boýunça ýörite maksatnama kabul etdi. Bu maksatnama, Halkara Pul gaznasynyň, Bütindünýä bankynyň bu sebiti ösdürmek babatdaky tagallalary, gynansak-da, düýpli özgerişlere getirmedi. 2007-nji ýylda Lissabonda geçirilen ýewropa-afrikan maslahatynda Afrika kontinentine uly möçberde Ýewropa kömegini bermegiň meýilnamasy maslahatlaşyldy.

**Sudanyň ikä bölünmegi.** Sudanyň demirgazygynda musulman araplar, günortasynda garaýagyz hristianlar köplükdi. Sudanyň demirgazyk we günorta böleginiň arasyndaky dawalar iki gezek raýatara uruşlaryna getiripdi. *Birinji raýatara urşy* 1955–1972-nji ýyllarda bolup, 17 ýyl dowam edipdi. *Ikinjisi* 1983–2005-nji ýyllarda bolup, 22 ýyl dowam edýär. Iki raýatara urşuň netijesinde Günorta Sudan awtonom hukukly sebite öwrülýär. 2003–2004-nji ýyllarda Günortanyň wekilleri bilen Sudan hö-

kümeti gepleşikleri geçirýär. Ol 2005-nji ýylda garşylygy bes etmek barada ylalaşygyň baglaşylmagy bilen tamamlanýar. Ylalaşyga göra, Sudanyň prezidenti *Omar al-Başir* gozgalaňçylaryň ýolbaşçysyny ýurduň wise-prezidentligine belleýär we ýene 5 ýyldan Günorta Sudanyň özbaşdaklygy barada referendum geçirmeklige söz berýär. Referendumyň netijesi hakykatda nähili bolsa, şony hem ykrar etjekdigini aýdýar. Eger-de Günortanyň halky özbaşdak ýaşamak islese, olara döwlet döretmekde ýardam bermäge söz berýär. Al-Başir sözünde hem durdy. 2011-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda Günorta Sudanda referendum geçirilýär. Ilatyň 98,38 %-i Günorta Sudanyň özbaşdaklygyna ses berýär. 2011-nji ýylyň 9-njy iýulynda *Günorta Sudan Respublikasynyň* döredilýändigi resmi jar edilýär. Dünýä döwletlerinden ilkinji bolup Sudan täze dörän Günorta Sudany ykrar edýär. Sudanyň ikä bölünmegi netijesinde nebit öndürýän ýerleriň dörtden üç bölegi Günorta Sudanyň, dörtden bir bölegi bolsa Sudanyň paýyna düşdi. Ilatynyň dörtden bir bölegi Günorta Sudanda, dörtden üç bölegi bolsa Sudanda galdy. Günorta Sudan Respublikasy 2011-nji ýylyň 14-nji iýulynda BMG-niň 193-nji agzasy boldy.




*Sudanyň ikä bölünmegi.*
*Dawaly Darfur bölegi (gara reňkde)*

♦ 1876–1908-nji ýyllarda Kongo (häzirki Zair) Belgiýa koroly Leopold II-niň şahsy mülki boldy. 30 ýylyň dowamynda gulçulyk zulumyndan onuň ilatynyň ýarpysy azaldy.

♦ Afrikanyň paýyna işläp bejerilmäge ýaramly, emma işlenip bejerilmeýän ýerleriň 60%-i, dünýäniň mineral baýlyklarynyň 30%-i düşýär.

♦ Afrika marganesiň, altynyň, hromuň, boksitleriň, platinanyň, kobaltyň, almazyň, fosforyň gorlary boýunça kontinentleriň arasynda 1-nji, misiň, asbestiň, uranyň gorlary boýunça 2-nji ýerde durýar.

♦ **Kot-d'Iwuar** – ozalky **Pil süňki kenary**.

♦ **Benin** – ozalky **Dagomeýa**.

♦ **Eritreýa** – 1993-nji ýylda Efiopiýadan bölünip aýrylan döwlet.

♦ **Swazilend** korollygynda **diarhiýa** dowam edýär: häkimiýeti korol («şir») we korolyň enesi («ene pil») özara bölüşýärler, ýöne olaryň ikinjisi hiç hili syýasy ygtyýarlyklara eýe däldir.

♦ **Lumumba** familiýasy **«ölüme duçar bolanyň mirasdüşeri»** diýmegi aňladýar. Çe Gewara «beýik idealist Lumumbanyň aryny almak üçin» Kongo barypdyr.

♦ 1910-njy ýylda Afrikanyň ilatynyň 10%-i, 2010-njy ýylda 48,3%-i hristianlardy.

♦ Afrikada ilatyň 40%-i yslama uýýar.

♦ Ýahudylygyň gelip çykyşy Afrika (Müsür) bilen baglydyr. Afrikada 270 *müň* ýahudy dinine uýýanlar ýaşaýar.

♦ Fetişizm, animizm, totemizm, ata-babalaryň kulty Afrikada däp bolan dinlerdir.

♦ **Kwame – «şenbe»** diýmekligi aňladýar.

♦ **Udjama** –Tanzaniýanyň prezidenti Julius Nýerere tarapyndan teklip edilen afrikan sosializminiň aýratyn nusgasy. Ol sosializmiň jemagat görnüşi bolup, döwlet halkyň köpçülikleýin erkini aňladyjy bolup çykyş edýär.

♦ **Ýohannesburg** – zulus dilinde **«altyn käni»** manysyny berýän «Igoli» obasynyň ýerinde gurlan şäher.

♦ Gana kompýuterleri, ykjam telefonlary, awtoulaglary öndürýän we eksport edýän senagatlaşan döwletdir. Gana dünýädäki kakao-bobuň 20%-ini öndürýär.

♦ 1905-nji ýylda dünýäde ululygy boýunça 2-nji ýerde durýan «Afrikanyň ýyldyzy» atly göwher tapylypdy. Armyt şekilli 530 karatlyk göwher Angliýanyň koroly Eduard VII-ä sowgat edilipdi. Ol häzir hem Angliýanyň patyşalyk maşgalasynyň gymmatly şaý-sepleriniň arasynda saklanýar.

♦ **Aparteid** – «aparthaid» sözüniň ýoýlan görnüşi bolup, **aýratyn ýaşatmak** – jynsy kemsitmegiň iň ýiti görnüşi. Ýurtda ilatyň tutuş topary jynsy tapawudyna laýyklykda garaşly ýagdaýa düşürilýär. Olar ýörite bellenen aýratyn çäklerde (taunşip) ýaşadylyp, syýasy, raýat we durmuş-ykdysady hukuklary çäklendirilýär ýa-da olardan düýbünden mahrum edilýär.

♦ **Darfur** – fur halkyýetiniň ýeri.



♦ **Afrikan bileleşigi** – Afrikanyň 55 döwletini birleşdirýän hökümetara guramasy, Afrika birligi guramasynyň hukuk mirasdüşeri. 2002-nji ýylyň 9-njy iýulynda esaslandyryldy. Guramanyň sekretariaty we komissiýasy Addis-Abebada (Efiopiýa) ýerleşýär.

**Afrikan milli kongresi** – Günorta Afrika Respublikasynyň irki syýasy guramasy. 1912-nji ýylda esaslandyryldy. 1960–1990-njy ýyllarda gizlin hereket etdi. Aparteide garşy göreşmek onuň esasy şygary boldy. 1994-nji ýyldan bäri dolandyryjy partiýa. 2007-nji ýyldan bäri GAR-yň prezidenti Jeýkob Zuma onuň başlygydyr.

♦ **Semýon Bagdasarow, meşhur gündogarşynas, Ýakyn Gündogar we Merkezi Aziýa ýurtlaryny öwreniş merkeziniň direktory:** «Sowet Soýuzy dünýäniň köp ýurtlary – Latyn Amerikasy, Afrika, Ýakyn Gündogar sebiti bilen hem hyzmatdaşlyk etdi. Biziň başga ýurtlara kömek üçin özümiziň egnimizden iň soňky köýnegimize çenli çykaryp berip, öwezine hiç zat almadyk diýip pikir etmegimiz üçin diňe akmak bolmak gerek. Angolany alyp göreliň. Biz ol ýerde anyk alnan bir partiýa kömek etdik. Munuň öwezine biz ol ýerde nebit, almaz we beýleki zatlary gazyp almaga amatly konsessiýalary aldyk. Angola – tebigy baýlyklara baý ýurt. Ol ýerde sowet gazyp alyjy kompaniýalary işlediler. Ol ýerde biz geljek üçin işledik...».

**Çeşme:** *Багдасаров С.* **Ближний Восток. Перезагрузка. – М., 2016, – С.175-176.**

# IV BAP. HINDISTAN XX ASYRYŇ II ÝARYMYNDA — XXI ASYRYŇ BAŞLARYNDA

*__Hindistan Respublikasy__ (hindi dilinde __Bharat__) Günorta Aziýada ýerleşen döwlet. Günbatarda Arap deňzi, günortada Hindi ummany, gündogarda Bengal aýlagy ýurduň çägini ýuwýar. Demirgazyk-günbatarda Pakistan, demirgazykda Hytaý, Nepal, Butan, gündogarda Bangladeş we Mýanma, günortada Şri-Lanka bilen serhetleşýär. Tutýan meýdany 3 mln 165 müň 596 inedördül km bolup, dünýäde 7-nji ýerde durýar. Ýurduň ilaty 2017-nji ýylyň maglumaty boýunça 1 milliard 340 mln adamdan geçip, ol Hytaýdan soň dünýäde iň köp ilatly ýurtdur. Hindistan 25 sany federal ştatdan we 6 sany soýuz çäklerden ybaratdyr.*









**Hindistanyň syýasy ösüşi.** Konstitusiýa laýyklykda, Hindistan parlament respublikasydyr. XX asyryň ikinji ýarymynda Hindistanyň syýasy durmuşynda *Hindi Milli Kongresi* (HMK) atly partiýa görnükli orun degişli boldy. Şol döwürdäki Hindistanyň görnükli döwlet ýolbaşçylary: *J. Neru, L. B. Şastri, I. Gandi, R. Gandi* bu partiýanyň wekilleridir.

HMK-nyň arasynda ýurduň syýasy we ykdysady ösüş ugruny saýlap almakda iki sany toparlanyşyk emele geldi. J.Nerunyň toparlanyşygy merkezçilere we çepçilere daýanýardy. Olar güýçli döwlet pudagyny ösdürmek bilen gatyşyk ykdysadyýeti döretmegiň, agrar we sosial özgertmeleri amala aşyrmagyň, daşary gatnaşyklarda bitarap syýasaty alyp barmak arkaly, dünýäniň iki ulgamynyň döwletleri bilen hem ählitaraplaýyn gatnaşyklaryň tarapdarlarydy. Premýer-ministriň orunbasary we içeri işler ministri bolan *Wallabhai Pateliň* hem-de Kongresiň başlygy P.Tandonyň konserwatiw toparlanyşygy bolsa hususy pudagy ösdürmegiň, obada tehniki özgertmeleri geçirmegiň, daşary syýasatda Günbatar dünýäsi, esasan, Britan arkalaşygynyň agzalary bilen gowy gatnaşyklary saklamagyň tarapdarydy. Pateliň toparlanyşygy tarapyndan gysyş görkezilen çepçi toparlanyşyklar Kongresden çykyp, işçi-daýhan partiýasyny döretdiler. Kongresiň sosialist toparlary bolsa sosialistik partiýany esas-

landyrdylar. 1951–1952-nji ýyllarda geçirilen umumyhindi saýlawlarynda HMK ýeňiş gazanyp, parlamentde ýerleriň 75%-ine golaýyny eýelemegi başardy.

Hindistan syýasy babatda «*hindi sosializmi*» ýörelgesini saýlap aldy. Ol HMK-nyň resminamalarynda berkidildi. Ol hususy eýeçiligi ýok etmän, gaýtam, ony jemgyýetiň abadan ösüşine gönükdirmegi (bu babatda Hytaý başga ýol bilen gidipdi), kasta gurluşyny ýatyrmagy, ähli halklar we halkyýetler üçin deň ösüş şertlerini döretmegi göz öňünde tutýardy. Hindi sosializmi *gatyşyk ykdysadyýeti* döredip, döwlet we hususy pudaklaryň ugurdaş ösmegini goldap, şunlukda olaryň birinjisine artykmaçlyk berýärdi. Ykdysadyýetde etatizm ýörelgelerine üns berilýärdi. 1976-njy ýylda konstitusiýa girizilen üýtgetmede Hindistan «özygtyýarly, sosialistik, dünýewi we demokratik respublikadyr» diýlip jar edildi. *Indira Gandi* 70-nji ýyllarda hindi sosializminiň özboluşlylygyny şeýle düşündirdi: «*Biziň maksadymyz bolan sosializm baýlaryň elinden baýlygyny alyp, garyplara paýlamagy aňlatmaýar. Onuň manysy ykdysady deňsizligi ýok etmekden we girdejileriň arasyndaky düýpli aratapawudy aradan aýyrmakdan ybaratdyr», Radjiw Gandi* bolsa 80-nji ýyllarda: «*Biziň sosializmimiz haýsydyr bir daşary ýurt topragyndan getirilip oturdylan daragt däldir. Ol kimiňdir biriniň ideologiýa ülňüsi boýunça döredilen däldir*» diýip belläpdi.

Garaşsyz Hindistanyň ilkinji döwlet ýolbaşçysy Jawaharlal Neru bolup, ol 1964-nji ýyla çenli hökümet baştutany bolupdy (seret: *II bölüm, II bap, §3*). Onuň döwründe Hindistan bäşýyllyk meýilnamalar esasynda ösdürildi. Ilkinji bäşýyllyklarda (1951–1956, 1956–1961, 1961–1966) ykdysadyýetiň energetika we senagat binýadyny döretmäge üns berildi. Agyr senagatyň binýady tutuldy. SSSR-iň ýardam bermeginde kuwwatly elektrostansiýalar, metallurgiýa kombinatlary, agyr maşyn gurluşyk zawodlary guruldy. Agrar özgertme netijesinde ýer eýeçiliginiň *zamindari ulgamy* ýatyryldy. Iri ýer eýeçiligi çäklendirildi, kooperatiw hojalyklar döredildi. Neru daşary syýasatda *oňyn bitaraplyk* ýörelgelerine eýerdi. *Goşulmazlyk hereketini* döretmegiň gözbaşynda durdy. «Nerunyň ugrunyň» ideologiýa esasyny «*sosialistik nusgadaky sosializm*» ideýasy düzýärdi.



*Lal Bahadur Şastri*

1964–1966-njy ýyllarda *Lal Bahadur Şastri* (1904–1966) döwlete baştutanlyk etdi. 1966-njy ýylyň ýanwar aýynda Pakistanyň ýolbaşçylary bilen Daşkent duşuşygy mahalynda ol tarpa-taýyn ýogalandan soňra, *Indira Gandi* häkimiýete geçdi. Ol arakesme bilen 15 ýyl çemesi Hindistany dolandyrdy.



***Indira Priýadarşini Gandi*** *(1917–1984). Hindistanyň azatlygy ugrunda göreşýän maşgalada önüp-ösýär. Onuň atasy Motilal Neru 20-nji ýyllarda Mahatma Gandiniň egindeşleriniň biridi. Kakasy Jawaharlal Neru Hindistanyň garaşsyzlygyny gazanmakda beýik göreşijileriň biri bolupdy. Kakasynyň «Hindistanyň açylmagy» atly meşhur kitaby Indira Gandiniň ykbalyna uly täsir etdi. Indira Gandi hem maşgalanyň däbine eýerip, durmuşyny syýasata bagyşlady. 1966–1977, 1980–1984-nji ýyl-*

*larda Hindistanyň premýer-ministri. Ogly Radjiw Gandini maşgala däbine görä terbiýeledi. 1984--nji ýylyň 31-nji oktýabrynda öz gorag gullugyndaky satyn alnan sikh milletçileri Beant we we Satwant Singhiň sapançadan we awtomatdan atan 20 sany okunyň netijesinde pajygaly ýagdaýda aradan çykdy.*

1969-njy ýylda HMK iki ganata: Indira Gandiniň baştutanlygyndaky ganata (soňuň üçin ol HMK (I) diýlip atlandyryldy) we Morarji Desainiň baştutanlygyndaky Kongres Guramasyna (HMK (O) bölündi. HMK-nyň etatizm syýasaty beýleki syýasy güýçleriň arasynda nägilelik meýillerini artdyrypdyr. Häkimiýete garşy güýçler ykdysadyýete döwletiň gatyşmagyny azaltmagy, merkezi meýilnamalaşdyryşdan el çekmegi, obadaky sosial maksatly özgertmeleri, obany tehnologiki taýdan üýtgedip gurmaga gönükdirmegi talap edýärdiler. 1974-nji ýylda agrar özgertmeleriň tarapdary bolan *Hindi halk partiýasy (Bharatiýa lok dal)* döredildi. 1974–1975-nji ýyllarda HMK-nyň häkimiýetden aýrylmagy ugrunda hereket güýçlendi. Allahabad kazyýeti I.Gandini 1971-nji ýylyň saýlawlarynda kanuny bozmakda aýyplap, ony deputat mandatyndan mahrum etdi. I. Gandi 1975-nji ýylyň 26-njy iýunynda ýurtda adatdan daşary ýagdaýy girizýär. Oppozisiýadaky partiýalar birleşip, *Janata Parti* atly täze partiýany döretdiler we 1977-nji ýylyň saýlawlarynda ýeňiş gazanyp, hökümet düzdüler. *Morarji Desaýi* premýer-ministr boldy. Partiýanyň düzüminde bolup geçen 1979-njy ýyldaky bölünişikden soňra ol häkimiýetden aýryldy. 1980-nji ýylda ýenede Indira Gandiniň ýolbaşçylygyndaky HMK häkimiýete gaýdyp geldi.

Indira Gandi ýurdy dolandyran ýyllarynda köp işleri bitirdi. Ähli banklar milli-leşdirildi. Ilkinji atom elektrik stansiýasy guruldy. Senagaty ösdürmeklige badalga berildi. Ýurduň importa garaşlylygynyň soňuna çykyldy. Kiçi we orta ululykdaky fermer hojalyklaryna üns berildi. «Maşgalany meýilnamalaşdyrmak» maksatnamasy kabul edildi. Kesgitli baha syýasaty ýöredildi. Saglygy goraýyş we bilim pudaklarynda sosial maksatnamalar kämilleşdirildi. SSSR we beýleki iri döwletler bilen gatnaşyklar berkidildi. Günorta-Gündogar Aziýada Hindistanyň abraýy artdy.

80-nji ýyllaryň başynda Hindistanda milletara dawalar güýçlendi. Sikhleriň merkezi häkimiýetden bölünip aýrylyp, *Halistan («Arassalaryň ýurdy»)* atly özbaşdak döwleti döretmek meýilleri güýçlendi. Tamil ekstremistleri bolsa *Tamil ilam* döwletini döretmek ugrunda göreşýärdiler. Bölünişik meýillerine garşy göreşi güýçlendirmek üçin, I.Gandi «Milli howpsuzlyk hakynda kanuny» kabul etdi. I.Gandiniň hökümeti 1984-nji ýylyň iýunynda sikhleriň dini merkezi bolan Amritsardaky «*Altyn ybadathanany*» olaryň ýaragly toparlaryndan arassalamak üçin oňa goşun girizdi («*Mawy ýyldyz*» *harby operasiýasy*). Bu ýagdaýy sikhler dini duýgularynyň depelenmegi hasaplap, hökümete garşy göreşini has güýçlendirdiler. Olaryň Delide, Penjapda geçiren terrorçylykly hereketlerine jogap edip, beýleki ştatlarda ýaşaýan sikhlerden öç alyndy. I.Gandiniň pajygaly ölüminden soňra, onuň ýerini ogly *Radjiw Gandi* eýeledi. Ol 1984–1989-njy ýyllarda ýurduň premýer-ministri boldy.



*Amritsardaky «Altyn ybadathana»*



***Radjiw Ratna Gandi*** *(1944–1991). Hindistanyň syýasy we döwlet işgäri. Indira Gandiniň uly ogly, Jawaharlal Nerunyň bolsa agtygy. Beýik Britaniýada okap, Kembrij uniwersitetinde inženerçilik ugrundan bilim alýar. 1980-nji ýylda dogany Sanjaý awiaheläkçilikde aradan çykansoň, ejesiniň haýyşy boýunça Radjiw raýat awiasiýasyndaky uçarmanlyk işini goýup, özüni syýasata bagyşlaýar. 1983-nji ýylda HMK-nyň baş sekretarlygyna bellenýär. Indira Gandi öldürilensoň, 1984-nji ýylda HMK-nyň başlyklygyna bellenýär. 1984–1989-njy ýyllarda ýurduň 7-nji premýer-ministri bolýar. Şol bir wagtyň özünde 1988-nji ýylda daşary işler ministri. Nobatdaky saýlaw kampaniýasy mahalynda Madrasda tamil terrorçysynyň guran kast edişliginde wepat bolýar. Häzirki wagtda HMK-ä Radjiw Gandiniň dul galan aýaly, gelip çykyşy italýan bolan Sonýa Gandi ýolbaşçylyk edýär.*

R.Gandi ilki bilen partiýanyň öz içinde saýlaw geçirip, ony guramaçylyk taýdan berkitdi. Ykdysadyýetde döwlet pudagynyň täsirini azaltmak üçin, onuň hökümeti 7-nji bäşýyllykda (1985–1990) ilkinji gezek oňa gönükdirilen býujet serişdelerini azaltdy. Özüni ödemeýän döwlet kärhanalary hususylaşdyrylyp başlandy. Senagata, hususan-da, elektronika pudagyna daşary ýurt maýasynyň çekilmegi höweslendirildi. ABŞ, Ýaponiýa, GFR Hindistanyň esasy hyzmatdaşlaryna öwrüldi. Gandiniň döreden 6 sany tehnologiki missiýasy elektron senagatynyň ösmegine badalga boldy, Hindistanyň bazar gatnaşyklaryna geçmegine ýardam berdi.

R.Gandiniň döwründe Hindistanda syýasy durnuklylyk bolmady. R.Gandi penjap meselesiniň syýasy çözgüdini tapmaga synandy. Emma dini esasda öç almalar barha möwjedi. 1988-nji ýylda adam pidalarynyň sany müňlerçe boldy. 1990-njy ýylda Kaşmirde hem ýagdaý ýitileşdi. Kaşmir Hindistana-da, Pakistana-da garaşsyz özbaşdak döwlet bolmaga ymtyldy. Ştatyň paýtagty Spinagara hökümet goşuny girizildi. Mizoram, Assam, Trisur, Nagalend ştatlarynda hem bölünişik meýilleri artdy. Bombeýde, Delide indus-musulman gapma-garşylygy ýitileşdi.

HMK 1989-njy ýyla çenli ýurdy dolandyrdy. Oppozisiýadaky güýçler *Janata dal* atly koalisiýa birleşip, W.P.Singiň baştutanlygynda gatyşyk hökümet düzdüler. Täze saýlaw kampaniýasy döwründe 1991-nji ýylda R.Gandi saýlawçylaryň öňünde çykyş edip durka, tamil terrorçy aýalynyň gülli sebetde getiren partlaýjy enjamynyň ýarylmagyndan wepat boldy. Saýlawlarda HMK ýeňip, *Narasimho Rao* premýer-ministr boldy. 1996–2004-nji ýyllarda *Janata parti* ýurdy dolandyrdy. Onuň dolandyran ýyllarynda ýurtda ençeme premýer-ministr çalyşdy (*H. D. Dewe-Gowda, Inder Kumar Gužral, Atal Bihari Wajpai*). Soňra ýene HMK häkimiýete geldi.

**Hindistan Respublikasynyň ykdysady ösüşi.** Hindistanyň dini alamat boýunça bölünmegi geljekde ýurduň ykdysady ösüşine oňaýsyz täsirini ýetiripdi. Senagat kärhanalarynyň 90%-i Hindistanda galypdy. Gowaça ekilýän etraplar Pakistanyň, dokma kärhanalary bolsa Hindistanyň çäginde galypdy. J.Nerunyň hökümeti (1947–1964) senagatda döwlet we hususy pudagy utgaşykly ösdürmäge üns berdi. Demir ýollar, portlar, aragatnaşyk serişdeleri, iri suwaryş desgalary, elektrostansiýalar, metallurgiýa, himiýa, awtoulag we stanok gurluşygy pudaklary, harby zawodlar döwlet eýeçiliginde bolup, galan kärhanalar hususy pudaga degişlidi.

40-njy ýyllaryň ahyrynda – 50-nji ýyllaryň başynda Hindistanda agrar özgertme geçirildi. Iri ýer eýelerinden (zamindarlardan) kärendesine alýan ýerlerini satyn almaga daýhanlara rugsat berildi. Zamindarlar salgyt ýygnamakdan mahrum edildi. 1951–1956-njy ýyllarda ýurtda uzynlygy 4 *müň* kilometrden gowrak demir ýollar guruldy. I. Gandi 14 sany iri banky, soňra lomaý söwdany millileşdirdi. Bu çäre döwlet pudagyna maýa goýumynyň artmagyna ýardam etdi. Monopoliýalaryň işi çäklendirildi. Ýer eýeçiliginiň aňrybaş çägi bellendi. Kiçeňräk ýer böleklerine salgyt azaldyldy.

70-nji ýyllaryň birinji ýarymynda Hindistanyň ykdysadyýeti iň bir kyn döwri başdan geçirdi. Bu döwürde kä ýyllar gurakçylyk, kä ýyllar güýçli sil suwlarynyň basmagy ýaly tebigy betbagtçylyklar ýurtda azyk ýetmezçiligini döretdi. 1973–1974-nji ýyllardaky dünýä energetika çökgünligi hem hindi ykdysadyýetine ýaramaz täsir etdi. Aýratyn-da, 1979-njy ýylyň gurakçylygy hem-de dünýä nebit bazarynda nebitiň bahasynyň gymmatlamagy hökümeti Halkara pul gaznasyndan 5 *mlrd* dollar karz soramaga mejbur etdi. Emma şol karz esasynda ykdysadyýeti kadalaşdyrmak baradaky maksatnama üstünlikli amala aşyrylmady.

80-nji ýyllarda Hindistanyň ykdysady ösüşi durgunlyk döwrüni başdan geçirdi. R.Gandiniň hökümeti telekeçiligi goldamaga üns berdi. Ykdysadyýete döwletiň gözegçiligi birneme ýumşadyldy. Emma geçirilen ykdysady özgertmeler tutuşlygyna halkyň umumy hal-ýagdaýyny gowulandyryp bilmedi. Ýurduň daşarky bergisi 1980–1981-nji ýyllarda 23 *mlrd* dollar bolanlygyndan (JIÖ-niň 12%-i) 1990–1991-nji ýylda 82 *mlrd* dollara (JIÖ-niň 24%-i) ýetdi. 1991-nji ýylda ýurdy maliýe çökgünligi hem gurşap aldy. Ykdysady şowsuzlyklar syýasy asudalygy bozdy. R.Gandi tamil separatistiniň elinden jan berdi.

Hökümetiň döwlet pudagyny goldaýandygyna garamazdan, hindi ykdysadyýetinde iri monopol kompaniýalaryň täsiri hem uludyr. Geçen asyryň 70-nji ýyllarynda *Birla, Tata, Mafatlal, Singhaniýa, Skindiýa, Thapar* ýaly iri korporasiýalar bardy. Olaryň hersi onlarça kompaniýany özüne birleşdirýärdi. Alýuminiý, awtoulag, sement senagaty üçin enjamlary, sintetiki kauçugy öndürmek tutuşlygyna monopol kompaniýalaryň elindedi.

**Hindistan iki asyryň sepgidinde.** 90-njy ýyllaryň başynda Hindistanda özgertmeler geçirmegiň zerurlygy ýüze çykdy. Kynçylyklardan çykmagyň maksatnamasyny işläp düzmek üçin, premýer-ministr *Narasimho Rao* hökümete Beýik Britaniýada bilim alan, dünýä belli ykdysatçy *Manmohan Singhi* çagyrdy. Geçirilen özgertmeleriň netijesinde ykdysadyýete döwletiň gatyşmagy azaldyldy. Hökümet buýruk beriji we bazar ykdysadyýetiniň arasyndaky ortalyk ýol bilen gitdi – millionlarça adamlaryň durmuşyny kadaly ýagdaýda saklamak üçin, döwlet düzgünleşdirişi saklanyp galdy (bu Hytaýda hem şeýle edilipdi). Býujete girdejileri artdyrmak üçin döwlet kärhanalarynyň bir bölegi hususylaşdyryldy. Alty pudak – demir ýollar, goranmak senagaty, atom energetikasy, kömür we nebiti gazyp alýan senagatlar, atom energetikasy üçin çig mal gazyp alýan pudak hususylaşdyrmaga degişli däldi. Döwlet dolandyryşyndaky býurokratik apparat azaldyldy. Telekeçilige we erkin bäsdeşlige ýol açyldy. Nyrhlar öz ugruna goýberildi. Döwlet çäklendirmeleri ýatyryldy. Hususy we daşary ýurt banklarynyň işine rugsat berildi. Hindistan dünýä söwdasy üçin açyldy. Ol 1995-nji ýylda Bütindünýä söwda guramasyna girdi. Daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek üçin erkin ykdysady zolaklar döredildi. Ýurduň ykdysady ösüş depgini 6,5%-e ýetdi. Bu çäreler 1992–1997-nji ýyllardaky 8-nji bäşýyllyk meýilnamanyň özenini düzüp, ol üstünlikli amala aşyryldy. Emma işsizlik, beýleki sosial meseleleriniň ählisiniň doly çözgüdini tapmak HMK-ä başartmady. Şeýle bolansoň, 1996–1998-nji ýyllarda ýurtda üç sany gatyşyk hökümet çalyşdy. *A.B.Wajpainiň* hökümeti hindi telekeçilerini we oba hojalyk harytlaryny öndürijileri daşary ýurt bäsdeşliginden goramaga gönükdirilen ykdysady syýasaty ýöretdi.

2004-nji ýylyň saýlawlarynda Hindi Milli Kongresi ýeňiş gazandy. *Manmohan Singh* hökümete ýolbaşçylyk edip başlady.



***Manmohan Singh*** *(1932-nji ýylda doglan). Hindistanyň 13-nji premýer-ministri. Günbatar Penjapda dogulýar. Ol Hindistanyň taryhynda ilkinji gezek indus bolmadyk (ol sikh) premýer-ministrdir. Penjap, Kembrij, Oksford uniwersitetlerinde oňat bilim alýar. Ol ylymlaryň doktory, ykdysadyýet babatda abraýly dünýä baýraklarynyň, şol sanda Kembrij uniwersitetiniň Adam Smit adyndaky baýragynyň eýesidir. 1966–1969-njy ýyllarda BMG-niň söwda we ösüş baradaky konferensiýasynda (UNCTAD) işleýär. Watanyna gaýdyp gelensoň, Deliniň ykdysadyýet mekdebinde mugallymçylyk edýär. Halkara pul gaznasynyň we Aziýa ösüş bankynyň dolandyryjylar geňeşiniň düzümine girýär. Hindistanyň Merkezi bankyna ýolbaşçylyk edýär. 1991–1996-njy ýyllarda maliýe ministri boldy. 2004-nji ýyldan 2014-nji ýyllar aralygynda 10 ýyllap Hindistanda premýer-ministr boldy.*

Manmohan Singh 2014-nji ýylda 82 ýaşady. Ol ýaşynyň bir çene barandygyna garamazdan, Hindistany ösdürmekde köp işler etdi. Ol 2004–2014-nji ýyllarda özgertmeleri dowam etdirdi. Sosial meseleleri çözmäge üns berdi. Hökümet sebitleriň yzagalaklygyny, garyplygy, sowatsyzlygy ýok etmäge synanyşyk etdi. Hut onuň ýolbaşçylygynda ýurt dünýäde çalt ösýän ýurtlaryň birine öwrüldi. Manmohan Singh 2014-nji ýylyň maýyndaky parlamente saýlawlardan soň wezipesinden gitdi. Ol özüniň ýolbaşçylyk edýän Hindi Milli Kongresinde Hindistana we partiýa gowy ýolbaşçylyk edip biljek ýaşlaryň ösüp kemala gelendigini aýtdy. Ol 2014-nji ýylyň ýanwarynda Milli Kongresiň ýygnagynda şeýle ýaşlaryň biri hökmünde gandileriň maşgalasyndan bolan *Rahul Gandiniň* kandidaturasyny partiýa ýolbaşçy edip saýlamagy teklip etdi.

2014-nji ýylyň maýynda bolan parlamente saýlawlarda Hindi Milli Kongresiniň öňe süren dalaşgäri ýeňip bilmedi. Saýlawlarda *Bharatiýa Janata parti* atly partiýanyň lideri *Narendra Modi* ýeňiş gazandy.



***Narendra Damodardas Modi*** *(1950-nji ýylda doglan) – Hindistanyň syýasy we döwlet işgäri. Gujarat we Deli uniwersitetlerinde okap, syýasaty öwreniji hünärini alýar. 2001-nji ýylda Hindistanyň Gujarat ştatynyň baş ministri wezipesine saýlanýar. Gujarat ştatynyň 2000-nji ýyllarda çalt depginler bilen ösmegini onuň zähmetiniň miwesi hasaplaýarlar we ştatyň ilaty ony has-da goldaýar. Ol Bharatiýa Janata partiniň lideri bolýar. 2014-nji ýylyň maýyndaky parlamente saýlawlarda ýeňiş gazanyp, Hindistanyň premýer-ministri bolýar.*

2017-nji ýylyň 25-nji iýulyndan başlap, Hindistanyň prezidenti Bharatiýa Janata partiýasynyň wekili *Ram Nath Kowind* (1945-nji ýylda doglan) boldy. Ol Hindistanda eldegrilmesizleriň kastasyndan bolan ikinji prezidentdir.

XXI asyrda Hindistan sosial-ykdysady ösüşde uly üstünlikleri gazandy. Ýurt senagat önüminiň möçberi boýunça dünýä döwletleriniň ilkinji onlugyna girýär. Hindistan JIÖ-niň möçberi boýunça 2014-nji ýylda ABŞ-dan we Hytaýdan soňra dünýäde 3-nji orna geçdi. Emma Hindistan milli girdejiniň ilatyň jan başyna düşüşi boýunça dünýäde yzdaky ýurtlaryň hataryndadyr. Hindistan oba hojalyk önümçiliginiň möçberi boýunça dünýäde ikinji orunda durýar. Ol dänäniň ýygnalyşyny üç esse artdyrdy. 1995-nji ýylda Hindistan bugdaý öndürmekde ABŞ-dan öňe geçip, dünýäde Hytaýdan soň 2-nji ýere geçdi. Oba hojalygy ilatyň ýarpysyny iş bilen üpjün edip, JIÖ-de onuň paýy 20% töweregidir. 2008-nji ýylda ýurt balyk senagaty boýunça dünýäde 3-nji orundady. Bu pudakda 1 *mln* gowrak adam zähmet çekýär. Hindistan dünýäde süýdi, juty köp öndürýän ýurtdur. Ol şaly, bugdaý, şekerçiňrigini, pagta, arahis, ýüpek öndürmekde dünýäde 2-nji ýerdedir.

Hindistan – dünýäniň çaý plantasiýasy. Hindistanda çaý önümçiligi 1863-nji ýylda ýola goýuldy. Häzir dünýäde öndürilýän bu şypaly içginiň üçden biri Hindis-

tanyň paýyna düşýär. Bu pudakda 2 *mln* gowrak adam zähmet çekýär. Hindistan ýylda çaýyň 470 *mln* tonnasyny öndürip, şonuň 200 *müň* tonnadan köprägini daşarky bazara çykarýar.

Gatyşyk ykdysadyýet ýurtda ösen infrastrukturany döretmäge ýardam etdi. Hindistan dünýäniň iň özüne çekiji bazarlarynyň birine öwrüldi. XXI asyryň birinji onýyllygynda ýurt ortaça 6% ýyllyk ösüş depginini saklamagy başardy. 2007-nji ýylda JIÖ-niň hakyky ösüşi 9,4% boldy. 2006–2007-nji ýyllarda hindi senagatynyň ösüş depgini 12,3% boldy. Hindistan JIÖ-niň satyn alyş ukybynyň pariteti boýunça dünýäde 4-nji ýerdedir (4,726 *trln* dollar). Emma Hindistan milli girdejiniň ilatyň jan başyna düşüşi boýunça dünýäde ikinji ýüzlügiň içindedir. Hindistan dünýäde işçi güýjüniň sany boýunça 2-nji ýerdedir. Ilatynyň 60%-i oba hojalygynda, 28%-i hyzmatlar ulgamynda, 12%-i senagatda zähmet çekýär. Hindistan kompýuter programma üpjünçiligini (dünýä boýunça bu pudagyň 20%-i), maliýe we tehniki hyzmatlary eksport ediji iri döwlete öwrüldi. 2013-nji ýylda Hindistan daşary ýurda 1,7 *mlrd* amerikan dollary möçberinde göni maýa goýumlaryny goýdy.



*Täçmahal — «daşa ýazylan poema»*

**Hindistanda çözmesi kyn bolan meseleler.** Olaryň *ilkinjisi* demografik meseledir. Entek asyr çalyşmanka, Hindistanyň ilaty 1 *milliard* adamdan geçdi. Onuň ilaty Afrikanyň tutuş ilatyndan hem köpdür. Eger ilaty dünýäde 1-nji ýerde bolan Hytaý demografik çäklendirmeleri ulanýan bolsa, Hindistan ilatyň artyşyny çäklendirip bilenok. Ilatyň köp bolmagy ýurtda işsizligiň köp bolmagyna, ilatyň köp böleginiň garyp ýaşamagyna getirýär. Üstesine, kanun tarapyndan ýatyrylan hem bolsa, *kasta gurluşynyň* galyndylary saklanyp galýar. *Eldegrilmesizler* (*dalitler*) *kastasyna* degişli 160 *milliondan* gowrak adam köçede doglup, öýsüz-öwzarsyz ömrüni ötürse-de, öz naýynjar ykbalyna kaýyl bolup ýaşaýar. Olar nägilelik bildirip, baýlaryň hakyna göz gyzdyranok. Goňşy Pakistandan tapawutlylykda, Hindistanda içerki asudalyk saklanýar, Ýurtda harby-syýasy agdarylyşyklar bolmady. Harbylar döwlet syýasatyna içgin goşulyşanoklar.

*Ikinji* kynçylyk döredýän mesele hem ilatyň köp bolmagy bilen baglanyşykly bolup, ýurtda işsizleriň sanynyň köp bolmagydyr. Dünýäniň garyplarynyň üçden ikisi Hindistanda ýaşaýar. Statistiki maglumatlara görä, 2011-nji ýylda ilatyň 19%-i garyplyk derejesinden pesde ýaşap, olaryň günlük girdejisi 2 dollara ýetmeýärdi. Ýurtda 300 *mln* gowrak adam garypdyr.

*Üçünji* çözmesi kyn mesele hasaplanylýany sowatsyzlaryň sanynyň köp bolmagydyr. Hindistanda ilatyň 30%-i sowatsyz hasaplanylýar. Ilatyň arasynda sowatlylyk 55%-e deň.

**Hindistanda ylmyň we tehnikanyň ösüşi.** Halkynyň intellektual goruna daýanyp, Hindistan ösen himiýa-farmasewtika pudagyny döretdi, kompýuter we nanotehnologiýalarda öňegidişlikleri gazandy. «Bolliwud» dünýä kinoindustriýasynda öz mynasyp ornuny tapdy. Hindistan 1975-nji ýylda sowet kosmodromyndan ilkinji emeli hemrasyny uçurdy. 1979-njy ýylda bolsa öz çäginden «Arýabhata» ilkinji emeli hemrasyny kosmosa uçurmagy başardy. 1974-nji ýylda ilkinji ýerasty ýadro synagyny geçirdi. 1998-nji ýylda atom bombasyny synag etdi we öz ýadro ýaragyny edindi. 90-njy ýyllarda Hindistan kosmosy özleşdirmekde dünýäniň öňdebaryjy 10 döwletiniň birine öwrüldi. Hindistan demir ýollarynyň uzynlygy boýunça dünýäde 4-nji orna geçdi. Ýokary bilimde uly öňegidişlikler gazanyldy. Ýokary bilimli hünärmenleriň sany boýunça ýurt dünýäde ilkinji orunlaryň birini eýeleýär.

Geçen asyryň 70-nji ýyllarynda Bangalorda döredilen tehnopark dünýäde iň öňdebaryjy programmalary we tehnologiki açyşlary bilen meşhurdyr. Bu ýerdäki *Infosys* korporasiýasynyň 40 *mlrd* dollar maýasy bolup, ýyllyk söwda dolanyşygy 9 *mlrd* dollardan geçýär. Bu ýerde uçar gurluşygy, kosmos pudagy, robot tehnikalary, elektronika, biotehnologiýalar boýunça möhüm açyşlar edilýär.

**Hindistanyň daşary syýasaty.** Hindistan özbaşdak döwlet hökmünde dörän gününden başlap, parahatçylyk söýüji daşary syýasat ýöredýär. Hindistanyň Pakistan bilen gatnaşyklarynda kynçylyklar döredi. Olar serhet dawalarynyň üstünde döräpdi. Bu bolsa bu iki ýurduň arasynda 1947–1948-nji, 1965-nji we 1971-nji ýyllarda uruşlara getirdi.

Hindistan parahatçylyk söýüji daşary syýasat ýöredýär. Hindistanyň parahatçylyk söýüjiligi halkyň milli aňyýetinden – mentalitetinden gelip çykýar. Hindi halky öz tebigaty, dini-ygtykady boýunça zorlugy, urşy halamaýan halk. Hindistan dünýäde parahatçylygy berkarar etmek ugrundaky göreşde birnäçe täze teklipler bilen çykyş etdi. Olaryň iň möhümi 1988-nji ýyldaky dünýäni 2010-njy ýyla çenli ýadro ýaragyndan we zorlukdan halas etmek baradaky hereketleriň meýilnamasydyr. Hindistan 1985-nji ýylda döredilen *Günorta Aziýa sebitiniň hyzmatdaşlygy bileleşiginiň (SAARC)* agzasy bolup, Günorta Aziýa döwletleri bilen gatnaşyklaryna üns berýär.

Hindistan XXI asyryň başlarynda işjeň daşary syýasat ýöredýär. Hindistanyň dünýäniň ykdysady ýagdaýyna täsiriniň artmagy bilen bir wagtda ol BMG-de we beýleki halkara guramalarynda täsirli ýurda öwrülýär. Hindistan daşary syýasatyn-

da özüne BMG-niň Howpuzlyk geňeşiniň hemişelik agzasy derejesiniň berilmegini talap edýär. Hindistan daşary syýasatynda Russiýa, ABŞ, Ýewropa bileleşigi, ASEAN-yň ýurtlary we goňşulary bilen gatnaşyklary ileri tutýar. Onuň Afrika we Latyn Amerikasynyň ýurtlary bilen gatnaşyklary ösýär. Hindistan, aýratyn-da, ASEAN-yň agzalary bilen gatnaşyklaryny ösdürmäge ymtylýar. Bu garamanyň häzirki wagtda 10 sany agzasy bar.

Hindistan goňşusy Pakistan bilen dawalaryny parahatçylykly çözmäge synanýar. 2014-nji ýylyň maýyndaky parlamente saýlawlarda ýeňiş gazanan Narendra Modiniň wezipä geçmek dabarasyna Pakistanyň premýer-ministri Nawaz Şarif hem gatnaşdy. Şoňa çenli beýle dabaralara Pakistanyň ýokary döwlet baştutany gatnaşmandy. Bu bolsa iki goňşy ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň gowulanjakdygyna umyt baglamaga mümkinçilik berýär.

2017-nji ýylyň 9-njy iýunynda Hindistan Pakistan bilen bir günde Şanhaý Hyzmatdaşlyk guramasynyň agzalygyna kabul edildi.

**Türkmen–hindi dostlugy.** Hindistan özüniň daşary syýasatynda Merkezi Aziýa sebitiniň garaşsyz döwletlerine, aýratyn-da, Türkmenistan bilen däp bolan, gadymdan gelýän gatnaşyklary ösdürmäge üns berýär. Jawaharlal Neru öz gyzy Indira Gandi bilen bilelikde 1955-nji ýylyň 14-nji iýunynda myhmansöýer türkmen topragynda bolupdy. Hindi halkynyň meşhur zenany Indira Gandiniň ady Aşgabadyň lukmançylyk mekdebine dakyldy.

Döwlet ýolbaşçylarynyň birek-biregiňkä resmi saparlary mahalynda özara bähbitli döwletara hyzmatdaşlygynyň hukuk binýady goýuldy. Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A.Nyýazow 1992-nji ýylyň 18–20-nji aprelinde we 1997-nji ýylyň 25–26-njy fewralynda Hindistanda resmi saparlarda boldy. Hindistanyň premýer-ministri Narasimho Rao 1995-nji ýylyň 19–21-nji sentýabrynda Türkmenistana resmi sapar bilen geldi. Iki döwletiň arasynda ykdysady, ylmy-tehniki we medeni babatda ýygjam gatnaşyklar däbe öwrüldi. Hindistana türkmen gazyny eltmegiň taslamasy iki ýurduň arasyndaky uzakmöhletleýin hyzmatdaşlygyň aýdyň şaýadydyr. Aşgabatda bilelikdäki «Ajanta-farma» derman kärhanasy işleýär. Iki halkyň hem gözguwanjyna öwrülen Baýram han Türkmeniň 500 ýyllyk ýubileýi 2000-nji ýylda ýurtlaryň ikisinde-de dabaraly bellenip geçildi. 2007-nji ýylda hindi-türkmen gatnaşyklaryny has-da ösdürmek üçin, hökümetara döwlet topary döredildi.

Türkmenistandan Hindistana polipropilen, nah-mata önümleri iberilýär, ol ýurtdan, esasan, dermanlar, sowadyjy enjamlar, telewizion aragatnaşyk enjamlary satyn alynýar.

2010-njy ýylyň 24–26-njy maýynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Hindistan Respublikasyna ilkinji döwlet sapary boldy. Saparyň başynda Delide Abdyrahym hanyň kümmedine zyýarat etmegi Türkmenistan döwletiniň Baştutanynyň ata-baba mukaddesliklerimize goýýan sarpasynyň çäksizdiginiň subutnamasy boldy. Hormatly Prezidentimiz Nýu-Delide Hindistanyň premýer-mi-

nistri Manmohan Singh we Hindistanyň prezidenti hanym *Pratibha Dewising Patil* bilen geçiren gepleşiklerinde türkmen-hindi gatnaşyklarynyň ýokarlanýan depginini kanagatlanmak bilen belläp, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerine ýokary baha berdi we Türkmenistanyň şol hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge üýtgewsiz taýýardygyny tassyklady.



*Alaeddin Halajy tarapyndan 1311 ý. gurlup başlanan Alaý-i Minaranyň beýikligi Kutub-Minardan 2 esse beýik bolmaly eken. Emma boýy 15 metre ýetirilen minara Alaeddin Halajy ýogalansoň tamamlanman galypdyr*

2015-nji ýylyň 11-nji iýulynda Hindistan Respublikasynyň premýer-ministri Narendra Modiniň Türkmenistana resmi sapary boldy. Duşuşygyň barşynda Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygy boýunça geçirilýän işler barada pikir alşyldy. Himiýa önümlerini ibermek babatda «Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen Hindistan Respublikasynyň «PSU Rashtriya Chemicals & Fertilizers» kompaniýasynyň arasynda Özara düşünişmek hakyndaky Ähtnama, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty bilen Hindistan Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň Diplomatik gullugy institutynyň arasynda Özara düşünişmek hakyndaky Ähtnama, Türkmenistanyň Sport baradaky döwlet komiteti bilen Hindistan Respublikasynyň Sport we ýaşlar baradaky ministrliginiň arasynda Sport babatda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky Ylalaşyga, Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hindistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda ylym we tehnologiýalar babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda 2015–2017-nji ýyllar üçin Maksatnama, Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hindistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda syýahatçylyk babatda hyzmatdaşlyk etmek barada Özara düşünişmek hakyndaky Ähtnama, Ýoga we adaty lukmançylyk boýunça hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hindistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Özara düşünişmek hakyndaky Ähtnama,




*Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň geçjek ugry*

Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hindistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda goranmak babatda hyzmatdaşlyk etmek baradaky Ylalaşyga gol çekildi. Hindi-türkmen gatnaşyklarynyň ösüşine Narendra Modi ýokary baha berdi.

2015-nji ýylyň 13-nji dekabrynda Mary welaýatynda Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan (TOPH) gaz geçirijisiniň hem-de «Galkynyş» gaz känini senagat taýdan özleşdirmegiň üçünji nobatdakysynyň desgalarynyň gurluşygyna badalga berildi. Dabara Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow hem-de Owganystan Yslam Respublikasynyň prezidenti Mohammad Aşraf Gani, Pakistan Yslam Respublikasynyň premýer-ministri Nawaz Şarif we Hindistan Respublikasynyň wise-prezidenti Mohammad Hamid Ansari gatnaşdylar. Myhmanlar dost-doganlyk gatnaşyklarynyň ösdürilmeginde Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň alyp barýan işlerine ýokary baha berdiler.

Iki ýurduň arasynda bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlyk hem berkeýär. 2009-njy ýylda D.Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda hindi dili hünäri açyldy. Institutda talyplara hindi dilini öwretmekde öz hünärmenlerimiz bilen bilelikde hindistanly professorlar hem uly tagalla edýärler. Türkmen talyplarynyň birtopary hindi dilini çuňňur özleşdirmek maksady bilen Agradaky Kendriýa Hindi Sansthan institutyna hem iberildi. Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda türkmen–hindi okuw-önümçilik merkezi açyldy. 2011-nji ýylyň güýzünde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň binasynda Türkmen–hindi informasion tehnologiýalar merkezi açyldy.

Hindistan Respublikasynyň tehniki-ykdysady hyzmatdaşlyk maksatnamasynyň (ITEC) çäklerinde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary Hindistanda yzygider hünär kämilleşdiriş okuwlarynda bolýarlar.

Türkmen alymlary ençeme sapar Hindistanda ylmy saparlarda boldular. 2005-nji ýylda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar institutynyň alymlary tarapyndan Hindistanyň belli Rampur kitaphanasyndan, 2007-nji ýylda Bombeý we Haýdarabad, 2009-njy ýylda Deli we Haýdarabad şäherleriniň kitaphanalaryndan türkmen taryhyna dahylly golýazmalaryň göçürme nusgasynyň uly tapgyry getirildi. 2010-njy ýylda Aşgabatda «Baýram han we Beýik Mogollar şadöwleti» atly halkara ylmy maslahaty geçirildi. Hindistanly alymlar ýurdumyzda geçirilýän halkara ylmy maslahatlaryna yzygiderli gatnaşýarlar.

2011–2012-nji ýyllarda ýurdumyzda hindi kinosynyň günleri geçirildi. 2013-nji ýylyň martynda Mary welaýatynda Hindi kinosynyň hepdeligi geçirildi. Hepdelikde hindi kinematografiýaçylarynyň birnäçe işleri görkezildi.

*2-nji tablisa*

**Hindistandaky syýasy partiýalardan bolan hökümet baştutanlary**

| Premýer-ministrler | Premýer-ministr bolan wagty | Partiýasy |
|---|---|---|
| Jawaharlal Neru | 15 awgust, 1947 – 27 maý, 1964 | Hindi Milli Kongresi (HMK) |
| Lal Bahadur Şastri | 9 iýun, 1964 – 11 ýanwar, 1966 | HMK |
| Indira Gandi | 19 ýanwar, 1966 – 21 mart, 1977 | HMK |
| Morarji Desai | 24 mart, 1977 – 15 iýul, 1979 | Janata Parti |
| Çoudhari Singh | 28 iýul, 1979 – 14 ýanwar, 1980 | Samajwadi Janata parti |
| Indira Gandi | 14 ýanwar, 1980 – 31 oktýabr, 1984 | HMK |
| Radjiw Gandi | 31 oktýabr, 1984 – 2 dekabr, 1989 | HMK |
| Wişwanat Pratap Singh | 2 dekabr, 1989 – 7 noýabr, 1990 | Janata Dal |
| Çandra Singh | 10 noýabr, 1990 – 25 maý, 1991 | Samajwadi Janata parti |
| Narasimha Rao | 20 iýun, 1991 –10 maý, 1996 | HMK |
| Atal Bihari Wajpai | 16 maý, 1996 – 1 iýun, 1996 | Bharatiýa Janata Parti |
| H. D. Dewe Gowda | 5 iýun, 1996 – 12 aprel, 1997 | Janata Dal |
| Inder Kumar Gujral | 21 aprel, 1997 – 19 mart, 1998 | Janata Dal |
| Atal Bihari Wajpai | 19 mart, 1998 – 22 maý, 2004 | Bharatiýa Janata Parti |
| Manmohan Singh | 22 maý, 2004 – 26 maý, 2014 | HMK |
| Narendra Modi | 26 maý, 2014 ý. başlap | Bharatiýa Janata Parti |

♦ **Halaç türkmenleri** Mahmyt Gaznalynyň Samanly, Garahanly döwletleriniň garşysyna, şeýle-de Hindistana guran ýörişlerine işjeň gatnaşypdyrlar. **Halaçlar** 1290–1320-nji ýyllar aralygynda Delidäki türkmenleriň soltanlygyny dolandyran dördünji nebere hasaplanýar.

♦ Deli türkmenleriniň döwletiniň soltany **Alaeddin Muhammet Halajy** (hökümdarlyk ýyllary 1296–1316) Hindistany tas tutuşlygyna diýen ýaly birleşdiren ilkinji musulman hökümdarydyr. Hindistanyň taryhynda bitiren uly hyzmatynyň birem onuň mongollary

13. Sargyt № 3172

bu ajaýyp ülkeden yzyna serpikdirendigidir. Alaeddin meşhur «Koh-i Nur» göwherini ele geçiren soltandyr. Ol türkileriň indus ilatly ýerleri eýeläp, berk ornaşmagy üçin, dürli dine uýýan bu iki ilat üçin bir bütewi (sinkretiki) dini hem döretmäge synanyşypdyr. Alaeddin Halajynyň döwründe köşkler, galalar, kümmetler, howuzlar, hammamlar yzly-yzyna salnypdyr. Köne Deliniň 3 km golaýyndaky Täze Delide Alaeddiniň küňreli diwarlar we derwezeler bilen gurşalan «Hazar sütün» («Müň sütün») atly köşgi ýerleşýär.

♦ Windhýa daglaryny, Gujerat, Ujjaýyn sebitlerini özüne birleşdirýän Malwa ülkesinde hem **Halaç türkmenleriniň soltanlygy** 1436–1431-nji ýyllarda dowam etdi. Halaçlaryň hökümdarlyk döwri Malwa taryhynyň iň bir parlak döwri hasaplanýar.

♦ **Hindistanyň Konstitusiýasy** – dünýäde möçberi boýunça iň uly (395 sahypa, 12 sany uly göwrümli goşmaça) konstitusiýa hasaplanýar. Kabul edilen gününden bäri Baş kanuna 400-den gowrak, goşmaçalaryna bolsa 30 gezek üýtgetme girizildi. Maddalar 320 gezek üýtgedildi. 40-dan gowrak madda goşuldy, 20 töweregi ýatyryldy.

♦ Konstitusiýa boýunça Hindistanda Prezidente giň ygtyýarlyklar berilýär – ol ýaragly güýçleriň belent serkerdebaşysydyr, premýer-ministri we merkezi hökümetiň ministrlerini belleýär, konstitusiýanyň işini togtadyp, ýurtda adatdan daşary ýagdaýy girizip bilýär, şeýle bolan ýagdaýynda Hindistan unitar döwlete öwrülmeli.

♦ **Sikhler** – XVI asyrda Penjapda dörän dini sekta. «Sikh» sözi «okuwçy» diýmegi aňladýar. Olaryň ynanjynda Hudaý birdir, emma ol iki görnüşde çykyş edýär: Ähli zady Ýaradyjy hökmünde (onuň ady ýokdur), her adamyň öz kalbyndaky hudaý hökmünde. XVII asyrda ol Beýik Mogollaryň, XVIII asyrda Dürranylaryň häkimligine garşy giň halk hereketine öwrülipdir. Ahmet şa Dürranynyň agtygy Zaman şa (1793–1801) 1799-njy ýylda ýaş sikh serdary Ranjit Singhe Lahory dolandyrmaga berýär. Ranjit Singh Demirgazyk-Günbatar Hindistandaky owgan mülklerini özüne tabyn edip, 1849-njy ýyla çenli dowam eden güýçli döwleti döretdi.

♦ Eger 1947-nji ýylda Hindistan garaşsyzlygyny gazanan wagty onuň çäginde 45 *mln* musulman bolan bolsa, XX asyryň ahyrynda ýurtda 140 *mln* musulman ilat ýaşaýardy.

♦ **Micromax** hindi kompaniýasy dünýäde ykjam enjamlary öndürmekde ilkinji onluga girýär. Hatda ol Motorola, Samsung bilen Nokiadan hem öňe geçmegi başardy. Emma onuň önümleri, esasan, içerki bazarda peýdalanylansoň, dünýä meşhurlygyna eýe bolup bilmedi.

♦ **Tata Motors** hindi kompaniýasy 1954-nji ýylda ilkinji awtoulagy öndürdi. Ol 2008-nji ýylda dünýäde bahasy 2800 amerikan dollaryna deň bolan dünýäde iň arzan, ykjam awtoulagy bazara çykardy.

♦ **Silikon (kremniý) jülgesi** – kompýuterleriň mikroshemalarynda ulanylýan esasy element kremniniň (iňlis. «*silicon*») ady bilen baglylykda dünýäde esasy ylmy-tehnologiki oýlap tapyşlaryň merkezi hasaplanýan tehnoparklaryň ýörgünli ady. Bangalor Hindistanyň «Silikon düzlügidir». Bu ýerde dünýäniň belli IT kompaniýalarynyň 250-siniň bölümçeleri bar.

♦ Hindistanda aýallaryň äriniň adyny tutmagy edepsizlik hasaplanýar.

♦ Hindistanda kelläňi iki tarapa ýaýkamak «ýok» diýmegi däl-de, «hawa» diýmegi aňladýar.

♦ Dünýädäki iň köp metjit Hindistandadyr. Ýurtda 300 *müňden* gowrak metjit bar.

♦ Hindistanda 1650 töweregi şiwe bar.

♦ Hindistanda gara däl-de, ak reňk ýas tutmagyň alamatydyr.

♦ Iri hindi kinoindistriýasynyň merkezi bolan «Bolliwud» ýylda 400 film çykarýar.

♦ Soňky 10 *müň* ýylyň dowamynda Hindistan hiç bir ýurduň üstüne çozmady.

♦ Hindistanda el gysyp salamlaşmak kabul edilen däldir.

♦ Dünýäde ilkinji uniwersitet Hindistanda (Takşilada) b.e.öňki 700-nji ýylda açylýar. Onda 10,5 *müň* talyp 60 ders boýunça bilim alypdyr.

♦ Iň gadymy gämi ýüzüş sungaty Sind derýasynda 6000 ýyl ozal ýüze çykýar. **«Nawigasiýa»** sözi sanskrit dilindäki **«naw gatih»** sözünden gelip çykandyr.

♦ Hindi syýasatçylary **«XXI asyr – Hindistanyň asyry bolar!»** diýen netijä gelýärler.

♦ **J.Neru:** – Men dünýäniň we Hindistanyň öňünde duran meseleleri çözmegiň ýeke-täk açary hökmünde sosializmi görýärin. Men bu sözleri aýdanymda oňa howaýy ynsanperwer mazmun bermän, anyk ylmy-ykdysady mazmun berýärin...men garyplygy, dargamaklygy ýok etmegiň, hindi halkynyň garaşlylygynyň öňüni almagyň sosializmden başga ýoluny görmeýärin. Munuň üçin biziň syýasy we jemgyýetçilik gurluşymyzda düýpli rewolýusion özgertmeleriň geçirilmegi, oba hojalygynda we senagatda baýlaryň ýok edilmegi zerur… Bu hususy eýeçiligi ýok etmekligi (käbir kadadan çykmalardan başga) we peýda görmeklige kowalaşýan häzirki ulgamyň çalşylmagyny aňladýar.
**1936-njy ýylda J.Nerunyň tussaglykdan çykansoň, Kongresiň Lakhnaudaky mejlisinde eden çykyşyndan.**

♦ **Indira Gandiniň pähimlerinden:**

♦ **Durmuşyň hakyky ýoly – bu Hakykatyň, Sütemsizligiň we Söýginiň ýoludyr.**

♦ **Taryh – iň oňat mugallym, ýöne onuň iň erbet okuwçylary bar.**

♦ **Bir gezek babam maňa adamlaryň iki hilidigini – iş edýänler hem-de olaryň zähmetini öz haýryna geçirýänlerdigini aýdyp, meniň birinji topara ymtylmalydygymy, ol ýerde bäsdeşligiň has azdygyny nygtapdy.**

♦ **Düwülgi ýumruk bilen birek-biregiň elini gysyp bolmaýar.**

♦ **Durmuş tejribäm adamlaryň maňa garşy edýän zatlarynyň, ahyrky hasapda, meniň peýdamadygyny öwretdi.**

# V BAP. PAKISTAN WE BANGLADEŞ XX ASYRYŇ II ÝARYMYNDA – XXI ASYRYŇ BAŞLARYNDA



*Pakistanyň resmi ady – Pakistan Yslam Respublikasy. Aziýada ýerleşýän döwlet. Onuň tutýan meýdany tas – 796,1 müň inedördül kilometre barabar. Ilatynyň sany boýunça anyk maglumat aýtmak kyn. Çünki Pakistanda 1998-nji ýyldan bäri ilat ýazuwy geçirilmedi. Emma 2013-nji ýylda berlen resmi däl maglumata görä, takmynan 184 mln adam (dünýäde 6-njy orun) ýaşaýar.*







1958-nji ýylyň 8-nji oktýabryndaky harby agdarylyşygyndan soňra Pakistanda döwlet dolandyryşyna general *Muhammet Eýýup han* gelipdi. Ol 1958–1969-njy ýyllarda ýurdy dolandyrdy. Täze hökümet konstitusiýany, syýasy partiýalaryň, demokratik guramalaryň işini gadagan etdi. Premýer-ministriň wezipesi ýatyryldy. Senzura, harby tribunallaryň işi güýçlendirildi. 1959-njy ýylda agrar özgertme geçirilip, *jagirdarlyk ulgamy* ýatyryldy. Iri ýer eýeçiligi çäklendirildi. Ýurda daşary ýurt maýasynyň çekilmegi höweslendirildi. 1962-nji ýylda harby düzgün ýatyryldy. 1-nji martda täze Konstitusiýa kabul edildi. Oňa laýyklykda ýurduň federatiw gurluşy saklanyp, dolandyryşyň görnüşi üýtgedildi – *prezident dolandyryşyna* geçildi. Prezidente çäklendirilmedik ygtyýarlyklar berildi. Eýýup hanyň özi bu wezipäni 1960-njy ýylda eýeläpdi. Iýul aýynda harby agdarylyşyga çenli açyk hereket eden partiýalaryň işine rugsat berildi.


*Muhammet Eýýup han*

Dolandyryşda prezidentiň öz öňbaşçylygyndaky *Musulman ligasy* boldy. 1964-nji ýylyň ahyrynda – 1965-nji ýylyň başynda oppozisiýadaky 5 sany iri syýasy partiýa Eýýup ha-

nyň düzgünine garşy göreşe birleşdiler. Olar Konstitusiýa käbir yslam talaplaryny girizmegi talap etdiler. Şol boýunça döwletiň ady *Pakistan Yslam Respublikasy* diýlip üýtgedildi. Olar ýurtda parlament demokratiýasyna geçmegi talap etdiler. Oppozisiýa saýlawlarda prezidentlik wezipesine dalaşgär Muhammet Aly Jinnanyň uýasy *Fatima Jinnany* hödürlediler. Emma 1965-nji ýylyň 2-nji ýanwaryndaky prezident saýlawlarynda Eýýup han ikinji möhlete saýlandy.

**Pakistanyň Hindistan bilen gatnaşyklary.** Hindistanyň dini alamat boýunça bölünmegi geljekde iki döwletiň arasynda dawaly meseleleriň yzygiderli ýüze çykyp durmagyna getirdi. Garaşsyzlykdan soň dessine Hindistanda ýaşaýan 7 *mln* musulman Pakistana, Pakistanda ýaşaýan 4,5 *mln* hindi Hindistana göçmeli bolupdy. Bu göçüşlikde 1 *milliona* golaý adam wepat boldy. Iki tarap hem biri-birinden öç aldy. Dinara gapma-garşylygyň öňüni almakçy bolan Mahatma Gandiniň özi hem onuň pidasy boldy (seret: *II bölüm, II bap, § 3*).

Iki döwletiň arasynda dawaly meseleleriň biri Kaşmir welaýatydy. Kaşmir meselesi zerarly iki döwletiň arasynda 1948-nji ýylda uruş howpy döredi. Mesele BMG--niň çözmegine berildi. 1949-njy ýylda iki tarapyň arasynda harby çaknyşyklar bes edildi. Hindistan 1957-nji ýylda Kaşmiriň öz çäklerine birikdirilendigini resmi taýdan yglan etdi. Kaşmir meselesi 1964–1965-nji ýyllarda ýene gaýtadan ýitileşdi. 1965-nji ýylda iki tarapyň arasynda ýaragly çaknyşyklar boldy. Meseläni parahatçylykly ýol bilen çözmek üçin Hindistanyň premýer-ministri Lal Bahadur Şastri we Pakistanyň baştutany Eýýup han 1966-njy ýylyň 4-nji ýanwarynda Daşkentde duşuşdylar. Gazanylan ylalaşyga laýyklykda, taraplar öz goşunlaryny 1965-nji ýylda eýelän ýerlerinden yza çekdiler. 1970-nji ýyllaryň başlarynda iki döwletiň gatnaşyklary Gündogar Pakistanyň üstünde ýitileşdi.

**Aga Muhammet Ýahýa hanyň harby düzgüni.** Içerki syýasy krizisiň ýitileşen şertlerinde 1969-njy ýylyň 25-nji martynda Eýýup han öz üstünden wezipe ygtyýarlyklaryny aýyrdy. Häkimiýeti ýene-de harbylar eline aldylar. General *Aga Muhammet Ýahýa han* prezident boldy. Ýurtda harby düzgün girizildi. Parlament, syýasy partiýalar ýatyryldy. 1970-nji ýylda syýasy partiýalaryň işi dikeldildi. 1970-nji ýylyň dekabrynda Pakistanda ilkinji gezek saýlawly edaralara ählumumy göni saýlawlar geçirildi. Gündogar Pakistanda *Azatlyk ligasy* uly ýeňiş gazandy. Günbatarda bolsa *Pakistanyň Halk partiýasy* (1967-nji ýylda döredilen) köp ses aldy. Bu partiýanyň ýolbaşçysy Eýýup han döwründe daşary işler ministri bolan *Zülfikar Aly Bhutto* bolupdyr. Bhutto 1966-njy ýylda Eýýup hanyň Daşkent jarnamasyna gol çekendigi üçin daşary işler ministri wezipesinden ýüz öwrüp, oppozisiýa gidipdi we agzalan partiýany döredipdi. Ýahýa han 1970--nji ýylyň saýlawlarynyň netijesini ykrar etmek islemändir.



*Aga Muhammet Ýahýa han*



**Pakistandan bölünip, Bangladeş döwletiniň döremegi.**

***Bangladeş Halk Respublikasy*** *– Günorta Aziýada ýerleşýän döwlet. Tutýan meýdany 144 müň inedördül km. Ilaty 2015-nji ýylyň maglumatyna görä 168 mln adam (dünýäde 8-nji orun). Mýanma we Bengal aýlagyny hasaba almasaň, tutuşlygyna diýen ýaly Hindistan bilen serhetleşýär. Paýtagty – Dakka şäheri.*



*Gündogar Pakistan — Pakistanyň 1947–1971-nji ýyllardaky welaýaty*

Pakistan döwleti döredilen mahaly biri-birinden üzňe Günbatar we Gündogar böleklerden ybaratdy. Ilatynyň köplükdigine garamazdan, ýurduň gündogar bölegi Bengaliýa babatda resmi Yslamabat turuwbaşdan kemsidiji syýasat alyp bardy. Gündogaryň wekilleri döwlet wezipeleriniň bary-ýogy 10%-ini eýeleýärdi. Döwlet çykdajylarynyň bary-ýogy bäşden bir bölegi Gündogara gönükdirilýärdi. Gündogar Bengaliýada halkyň 54,6%-iniň bengal, 7,2%-iniň urdu dilinde gürleýändigine garamazdan, döwlet dili urdu dili bolmagynda galýardy. Bu kemsitmelere garşy Bengaliýada milli azat edijilik hereketi güýçlendi. 1949-njy ýylda döredilen *Halk ligasy (Awami lig)* bu göreşe baştutanlyk etdi. 1954-nji ýylda olar bengal dilini urdu bilen birlikde döwlet dili diýip yglan etdiler.

60-njy ýyllaryň ahyrynda Gündogar Pakistanda dartgynly ýagdaý güýjäpdi. Gündogar Pakistanda özbaşdaklyk ugrunda göreş ýaýbaňlandy. *Mujibur Rahmanyň* ýolbaşçylygyndaky Awami lig 1970-nji ýylyň saýlawlarynda ýeňiş gazandy. Awami lig özüne parlamentde saýlaw boýunça gazanylan köplük ýerini bermegi, Gündogar Pakistana giňişleýin awtonomiýa hukugynyň berilmegini talap etdi. Emma Yslamabat hökümeti saýlawlaryň netijesini ykrar etmedi. Muňa jogap edip, bengallar garaşsyzlyk ugrunda göreşe başladylar. Raýat boýun egmezlik hereketi ýaýbaňlandy. Pakistan hökümeti bengallaryň hereketini basyp ýatyrmak üçin, 1971-nji ýylyň 25-nji martynda M.Rahmany tussag etdi. Awami lig gadagan edildi. Bengallaryň özbaşdaklyk hereketini basyp ýatyrmak üçin, hökümet bu ýere goşun getirdi. Indi awtonomiýa hukugy baradaky şygar Bengaliýanyň doly garaşsyzlygy baradaky şygara ösüp geçdi. Bengal watançylary 1971-nji ýylyň



*Mujibur Rahman*

26-njy martynda Pakistandan bölünip aýrylyp, şol wagt türmede oturan M.Rahmanyň ýolbaşçylygynda garaşsyz *Bangladeş Halk Respublikasynyň* döredilýändigini yglan etdiler. BMG we dünýä bileleşigi täze döwletiň döredilmegini goldady.







Hindistan bengallaryň garaşsyzlyk ugrundaky göreşini goldady. Hindi-Pakistan dawalary 1971-nji ýylyň dekabrynda olaryň arasynda urşuň başlanmagyna getirdi. Bu uruşda Hindistan Bangladeşi goldaýar. Günbatar Pakistan Hindistanyň üstünden Bangladeşe garşy harby güýçlerini geçirmese, oňa garşy hakyky uruş alyp baryp bilmeýärdi. Hindistan oňa öz territoriýasynyň üstünden harby ýükleri geçirmäge rugsat bermeýärdi. Uruşda Pakistan ýeňildi.

1972-nji ýylda Hindistan we Bangladeş dostluk, hyzmatdaşlyk hakyndaky şertnama gol çekdiler. 1974-nji ýylda Bangladeş bilen Pakistanyň arasynda ýaraşyk şertnamasyna gol çekildi. 1974-nji ýylda Pakistan Bangladeşiň garaşsyzlygyny ykrar etdi.

Bangladeş sosialistik ösüşe ýykgyn etdi. Ykdysadyýetde millileşdirmäge, bäşýyllyk meýilnamalara üns berildi.

Garaşsyz ösüş ýyllarynda Bangladeşde birnäçe döwlet agdarylyşyklary boldy. Ýurtda 20 ýyldan gowrak harby dolandyryş dowam etdi. Iki gezek parlament dargadyldy. 13 sany prezident çalyşdy. Olaryň arasyndan Mujibir Rahman we Ziýaur Rahman syýasy garşydaşlary tarapyndan öldürildi.


*Haleda Ziýa Begum*

1982–1990-njy ýyllarda ýurtda general *Hüseýin Muhammet Erşadyň* harby düzgüni dowam etdi. 1991–1996-njy we 2001–2006-njy ýyllar aralygynda *Bangladeşiň Milli partiýasynyň* öňbaşçysy hanym *Haleda Ziýa Begum* ýurduň premýer-ministri boldy. Ol 1975-nji ýylda harby agdarylyşyk guran, 1977-nji ýylda Bangladeşiň prezidentligine saýlanan general Ziýaur Rahmanyň aýalydyr. 1981-nji ýylda


*Şeýh Hasina Wazed*

adamsy öldürilenden soň, Haleda Ziýa Begum onuň döreden partiýasynyň öňbaşçysy bolýar.

Haleda Ziýa Begum häkimiýete gelen mahaly Bangladeşde korrupsiýa we jenaýatçylyk ösendi. Köp ilatly Bangladeş dünýäniň garyp ýurtlarynyň hataryndady. Saýlawlarda Ziýa özgertmeleri geçirmäge, ählumumy deňligi gazanmaga, hökümeti korrupsiýadan arassalamaga wada berdi.

Onuň dolandyran döwründe Bangladeşiň Pakistan we Hindistan bilen gatnaşyklary gowulaşdy. Bilime çykdajylar artdyryldy. Hökmany başlangyç, gyzlar üçin 10 ýyllyk mugt bilim ulgamy girizildi. Ykdysadyýetde liberal özgertmeler geçirildi. Ýurda daşary ýurt maýalary çekilip başlandy. Erşadyň awtoritar dolandyryşyndan soňra demokratik gurluşa geçilip başlandy. Emma 1994-nji ýylda ýurdy çökgünlik gurşap, Haleda Ziýa Begumyň abraýy peseldi.

1996–2001-nji ýyllarda bolsa Mujibur Rahmanyň gyzy (1975-nji ýylda Mujibur Rahmana garşy dildüwşük guralyp, onuň özi we 20-ä golaý maşgala agzasy öldürilende, diňe iki sany gyzyna daşary ýurtda bolmagy sebäpli aman galmak başardypdy), Awami ligiň öňbaşçysy *Şeýh Hasina Wazed* hökümet baştutany boldy. Ol 2009-njy ýylda premýer-ministrlige gaýtadan saýlanyldy. Onuň döwründe Hindistan bilen Gang derýasynyň suwuny paýlaşmak boýunça ylalaşyga gol çekildi. Ýurduň ykdysady ösüşi haýallady. Suw joşmalary ýurda uly zyýan ýetirdi.

Bangladeş Goşulmazlyk hereketiniň agzasydyr. Ol *Günorta Aziýa ýurtlarynyň sebitara hyzmatdaşlyk guramasyny* (SAARC) döretmegiň gözbaşynda durdy. Onuň başlangyjy bilen 1985-nji ýylda Dakkada bu sebitara guramasyna girýän ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlarynyň duşuşygy geçirildi. Bu utgaşyga Bangladeş, Butan, Maldiwler, Nepal, Pakistan, Hindistan, Şri-Lanka girýär. 2007-nji ýylda Owganystan gurama agza boldy.


*Günorta Aziýa ýurtlarynyň sebitara hyzmatdaşlyk guramasyna (SAARC) agza ýurtlar*

**Pakistan 70–90-njy ýyllarda.** Pakistanyň soňky ýarym asyrlyk taryhynda birnäçe gezek harby agdarylyşyklar boldy.

Pakistanyň ýurduň gündogar böleginden mahrum bolmagy, Hindistan bilen bolan uruşda asgyn gelmegi, onuň alyp baran syýasatynyň puja çykmagy... bularyň bary Ýahýa hanyň hökümetini häkimiýetden gitmäge mejbur etdi. 1971-nji ýylyň 20-nji dekabrynda Ýahýa han iş başyndan aýryldy. Geçen saýlawlaryň ýeňijisi hökmünde 1971-nji ýylyň 21-nji dekabrynda *Zülfikar Aly Bhutto* Pakistanyň prezidenti wezipesine geçýär. Ol özüni goldan harby general Ziýa ul-Haky goşunda uly wezipä belleýär.



***Zülfikar Aly Bhutto*** *(1928–1979) – Pakistanyň syýasy we döwlet işgäri. Pakistan syýasatçysy Şah Nawaz Bhuttonyň ogly. Kaliforniýa we Oksford uniwersitetlerinde okap, syýasy we hukuk ugurlardan ýokary bilim aldy. 1967-nji ýyllarda Eýýub hanyň hökümetine garşy oppozisiýadaky Pakistanyň halk partiýasyny esaslandyrdy. 1963–1966, 1971–1977-nji ýyllarda Pakistanyň Daşary işler ministri, 1971–1973-nji ýyllarda prezidenti, 1973–1977-nji ýyllarda premýer-ministri boldy.*

1971-nji ýyl Pakistanyň Garaşsyzlyk taryhynda täze döwrüň başyny başlady. *Birinjiden*, harbylaryň 13 ýyllyk dolandyryşyndan soň (1958–1971), ýurtda raýat dolandyryjylary häkimiýete geldiler. *Ikinjiden*, Pakistanyň geografik çäkleri üýtgedi – ondan Bengaliýa bölünip aýryldy. *Üçünjiden*, ýurduň syýasy durmuşynda *Pakistanyň Halk partiýasynyň* (PHP) täsiri artdy. Harby düzgünler ýurt üçin möhüm syýasy, ykdysady, milli meseleleri çözmäge ukypsyz bolup çykdy. Bu wezipeleriň çözgüdini tapmak üçin PHP «*21 bent maksatnamasyny*» öňe sürdi. «*Yslam – biziň ynanjymyz, demokratiýa – biziň dolandyryş usulymyz, sosializm – biziň ykdysady ulgamymyz*» bu partiýanyň esasy şygarydy.

PHP ykdysadyýetde sosialistik şygarlara daýandy, millileşdirmek syýasatyny öňe sürdi. «*Yslam sosializmi*» konsepsiýasy PHP-nyň ideologiýasynyň özenini düzdi. 1972 – 1977-nji ýyllarda ýurtda agrar özgertme geçirilip, iri ýer eýeçiligi çäklendirildi. Kärhanalaryň ençemesi millileşdirildi. 1973, 1975-nji ýyllardaky suw joşgunlary ykdysadyýete ýaramaz täsir etdi.

1973-nji ýylyň awgustynda Pakistanyň taryhynda üçünji Konstitusiýa kabul edildi. Ol ýurtda parlament dolandyryşyny göz öňünde tutýardy. Oňa laýyklykda, ýurduň baştutany 5 ýyl möhlete saýlanýan prezident bolmalydy, prezident premýer-ministr bilen ylalaşykly işlemelidi. Hökümet baştutanynyň maslahaty prezident üçin hökmanydy, prezidentiň kararlaryna, buýruklaryna premýer-ministr hem gol çekmelidi. 1956-njy ýylyň Konstitusiýasyndan tapawutlylykda, prezident premýer-ministri we hökümet agzalaryny belläp bilmeýärdi, goşunyň baş serkerdebaşysy bolup bilmeýärdi, parlamentiň kararlaryna weto goýmaga hukugy ýokdy. Parlament öňküsi ýaly bir palatadan däl-de, iki palatadan ybarat edilip döredilmelidi. Elbetde, bu syýasy özgertmeleriň özeni ýurdy prezident respublikasyndan parlament respublikasyna öwürmekdi. Prezidentiň ygtyýarlyklaryny konstitusiýa boýunça çäklendirip, ýurduň hakyky döwlet baştutany wezipesini premýer-ministre bermekdi.

Halk partiýasynyň ýolbaşçysy Zülfikar Aly Bhutto 1971–1973-nji ýyllarda ýurduň prezidenti boldy. Emma 1973-nji ýyldaky özgertmeleriň netijesinde prezidentiň döwletdäki ornunyň peseldilmeginden soň, ol ýurduň premýer-ministri wezipesine geçdi. Ýurduň prezidenti bolsa onuň egindeşleriniň biri bolan *Fazal Ilahi Çoudhuri* (1973–1978) boldy. Emma indi prezident diňe dabaraly çärelerde ýatlanylýardy. Ýurdy dolandyrýan bolsa, ýokarda aýdyşymyz ýaly, premýer-ministrdi.

Z.A. Bhutto 70-nji ýyllarda birnäçe özgertmeleri durmuşa geçirdi. Iri ýer eýeçiligi ýok edildi. Iri kärhanalar millileşdirildi.., garaz, ýurtda sosializmiň alamatlary girizilip başlanyldy. SSSR bilen gatnaşyklar ösdürildi. SSSR-iň sosializm gurmakdaky tejribesi ulanylyp başlandy. Bhuttonyň hökümetinden närazylar köpelip başlady.

Bhuttonyň hökümeti daşary syýasatda Pakistanyň harby bileleşiklerden çykmagyny, Orta we Ýakyn Gündogaryň musulman ýurtlary bilen gatnaşyklaryny berkitmegi ileri tutdy. Pakistan 1972–1989-njy ýyllar aralygynda Britan arkalaşygynyň düzüminden çykdy. Z.Bhutto sebitde parahatçylygy berkitmekde birnäçe işleri etdi. Mysal üçin, ol Indira Gandi bilen *Simla ylalaşygyna* gol çekip, hindi goşunynyň Pakistandan yza çekilmegini gazandy. 1972-nji ýylda Pakistan SEATO harby birleşmesinden çykdy. 1972-nji ýylda BMG-niň araçy bolmagynda Kaşmirde demarkasion zolak çekildi. Onuň günorta-gündogar etraplary Hindistanyň, galan bölegi bolsa *Azat Kaşmir* ady bilen Pakistanyň dolandyrmagyna berildi. Onuň düzümine Gilgit, Hunzu, Baltistan etraplaryny hem öz içine alýan Kaşmiriň demirgazyk etraplary hem girýär. Häzirki wagtda onuň tutýan meýdany 33 *müň* kw/km bolup, bu ýerde 2 *mln* adam ýaşaýar. Paýtagty – Muzaffarabat. Pakistan bu sebitde ýene 50 *müň* inedördül km gowrak ýere gözegçilik edýär. 1976-njy ýylda Pakistan Hindistan bilen diplomatik gatnaşyklary dikeltdi.

1977-nji ýylyň 7-nji martynda Milli ýygnaga geçirilen saýlawlarda Z.A.Bhuttonyň hökümeti ýeňilse-de, saýlawyň netijelerini galplaşdyryp, häkimiýetde galmaga synanyşdy. Emma muňa häkimiýete garşy güýçler razy bolmady. Syýasy krizis emele geldi. Şeýle şertlerde 1977-nji ýylyň 5-nji iýulynda general *Muhammet Ziýa ul'Hakyň* ýolbaşçylygynda döwlet agdarylyşygy bolup, ýurtda üçünji gezek harby düzgün häkimiýete geldi. Adatdan daşary ýagdaý girizildi. Ýurduň çägi 5 zolaga bölünip, olara ýokary goşun serkerdeleri baştutan bellendi. Harby tribunallar döredildi. RHP-niň işi gadagan edildi. 1978-nji ýylyň 13-nji sentýabrynda Ziýa ul'Hak prezidentlik wezipesini eýeledi, ol baş harby dolandyryjynyň wezipesini hem özünde saklap galdyrdy.

Täze düzgün ýurtda hakyky yslam düzgünini – «*nizam-i islam*» ýola goýmagy jar etdi. Ol Z.Bhuttonyň hökümetini, yslam şygarlaryny ulanandygyna garamazdan, yslama garşy hereket eden hökümet hökmünde häsiýetlendirdi. Şerigat kazyýetleri girizildi, etmişler üçin ten jezalandyrmalary (ogurlyk üçin barmagyny kesmek we ş.m) ulanylyp başlandy. Z.A.Bhutto döwlete garşy işlerde aýyplanyp, ölüm jezasyna buýruldy. BMG-niň we beýleki görnükli halkara guramalarynyň, ABŞ-nyň, SSSR-iň we beýleki birnäçe döwletleriň ýolbaşçylarynyň ölüm jezasyny başga jeza bilen çalyşmak hakyndaky haýyşlaryna garamazdan, 1979-njy ýylyň 4-nji aprelinde 51 ýaşly Z.A.Bhutto jezalandyrylyp öldürildi.



*Muhammet Ziýa ul'Hak*

1981-nji ýylyň 24-nji martynda öňki Konstitusiýanyň düzgünleriniň köpüsini üýtgeden wagtlaýyn konstitusion kanun kabul edildi. Ol prezidente çäklendirilmedik ygtyýarlyklary berdi. 1985-nji ýylda Ziýa ul’Hak Konstitusiýa goşmaça üýtgetmeleri girizip, öz ygtyýarlyklaryny ýene giňeltdi. Ol indi premýer-ministri, Baş serkerdebaşyny, Ýokary kazyýetiň baş agzalaryny bellemäge, iň esasy bolsa kanun çykaryjy ýygnagy dargatmaga hukuklydy. Munuň özi Pakistanda parlament demokratiýasynyň gazananlarynyň köküne palta urýardy. Öň millileşdirilen kärhanalar hususy maýadarlara gaýtarylyp berildi. Göterimsiz karz, nusgawy yslam salgyt düzgüni ornaşdyryldy.

General Ziýa ul’Hak ýurtda düzgün-tertibi berkitdi. Daşary syýasatda Günbatar döwletleri bilen ýakynlaşdy. Ol SSSR-iň Owganystana goşun girizmegine garşy çykdy. Owganystanda sowet goşunlaryna garşy göreşýän güýçleri goldady. Ol egindeşleriniň bir topary bilen bilelikde 1988-nji ýylyň 17-nji awgustynda awiaheläkçilikde aradan çykdy. General Ziýa ul’Hakyň 11 ýyllyk harby dolandyryş döwri tamam boldy, ýurt ýene raýat dolandyryşyna gaýdyp geldi.

Prezidentiň wezipesini parlamentiň başlygy *Gulam Ishak han* ýerine ýetirip başlady. Ol 1993-nji ýyla çenli bu wezipede boldy. 1988-nji ýylyň noýabryndaky saýlawlarda Halk partiýasy ýeňip, onuň öňbaşçysy *Benazir Bhuttonyň* (Z.A.Bhuttonyň gyzy) ýolbaşçylygynda hökümet düzüldi.



***Benazir Bhutto** (1953–2008). Pakistanyň meşhur syýasy we döwlet işgäri. Karaçide dogulýar. 1969–1973-nji ýyllarda Garwardda syýasaty öwreniş, 1973–1977-nji ýyllarda Oksfordda syýasaty öwreniş we ykdysadyýet ugurlary boýunça ýokary bilim aldy. Oksforda halkara hukugy we diplomatiýa boýunça bir ýyllyk çuňlaşdyrylan kurslara gatnaýar. 1977-nji ýylda Watanyna gelen mahalynda onuň kakasy Zulfikar Ali Bhutto general Ziýa ul’Hak tarapyndan häkimiýetden çetleşdirilýär. Kakasy jezalandyrylansoň, Benazir 1979–1984-nji ýyllarda ençeme gezek öý tussaglygyna sezewar edilýär. Soňra oňa Angliýa gitmäge rugsat berilýär. Ziýa ul’Hak pajygaly ýagdaýda aradan çykansoň, Pakistana dolanýar. 1988-nji ýylyň 16-njy noýabryndaky saýlawlarda onuň ýolbaşçylygyndaky Pakistanyň Halk partiýasy ýeňiş gazanýar. Ol Pakistanyň taryhyndaky iki möhletde (1988–1990 we 1993–1996) hökümet baştutany bolan ilkinji zenandyr.*

Saýlawlaryň netijesi bilen ylalaşyp, raýat dolandyryşyna geçmäge razylyk berseler-de, harbylar sagçy güýçleriň goldawyna daýanyp, syýasatdaky öz täsirini saklap galdylar. Prezident kürsüsini eýelän Gulam Ishak Han olaryň isleglerine gulluk edýärdi. 1990-njy ýylyň awgustynda ýurtda içerki syýasy galagoplyk güýçlendi. Kaşmir meselesi boýunça Hindistan bilen dawalar gaýtadan möwjedi. Mundan peýdalanyp, prezident parlamenti dargatdy we ýurtda adatdan daşary ýagdaý girizdi. Benazir Bhutto korrupsiýada we wezipe ygtyýarlyklaryny hyýanatçylykly peýdalanmakda aýyplanyp, hökümetden çetleşdirildi.

«*Prezident öwrülişigi*» iş ýüzünde nobatdaky harby agdarylyşykdy. Onda harbylaryň görnetin eli bardy. Häkimiýete Musulman ligasyndan *Mian Mohammad Nawaz Şarif* getirildi. Nawaz Şarif Pakistanda yslamyň täsirini berkitmäge synandy. Onuň döwründe şerigatyň ileri tutulýandygy hakda kanun kabul edildi. Şarif hem 1993-nji ýylda prezident tarapyndan Bhutto bildirilen aýyplamalar bilen wezipesinden çetleşdirildi. Prezidentiň bu hereketi «*konstitusion öwrülişik*» adyny aldy. Edil 1990-njy ýyldaky ýaly, bu gezekki öwrülişigiň hem maksady prezidentiň premýer-ministri wezipesinden boşatmaga ygtyýar berýän hukugyny aýyrmak hem-de goşunyň syýasy durmuşdaky ähmiýetini çäklendirmek barada konstitusiýa üýtgetmeleri girizmäge synanyşyk boldy. Şeýlelikde, geçen asyryň 80–90-njy ýyllarynyň sepgidinde Pakistanyň syýasy durmuşynda berk prezident dolandyryşyny girizmäge meýil artdy. Ol görnüşi boýunça raýat dolandyryşyna meňzese-de, mazmuny boýunça harbylaryň berk goldawyna eýedi.

Üç ýyl arakesmeden soň, 1993-nji ýylda Bhutto gaýtadan häkimiýete geldi. Emma Bhuttonyň häkimiýete ikinji gezek gaýdyp gelmegi awtoritar dolandyryşyň berkemeginiň öňüni alyp bilmedi. 1993-nji ýylyň saýlawlary netijesinde ýurduň prezidentligine *Sardar Faruh Ahmet han Legari* saýlandy. Ol 1996-njy ýylyň noýabrynda milli assambleýany dargatdy we Benazir Bhuttony häkimiýetden çetleşdirdi. Benazir Bhutto birnäçe ýyl Angliýada we BAE-de ýaşamaly boldy. 2008-nji ýylyň başynda boljak parlament saýlawlarynyň öňüsyrasynda watanyna gaýdyp geldi. Emma ol saýlawa gatnaşyp bilmedi – Rawalpindide terrorçylar tarapyndan öldürildi.

**Pakistan iki asyryň sepgidinde.** 1997-nji ýylda geçirilen saýlawlarda Pakistanda iň irki partiýa bolan (1906-njy ýylda döredilen) *Musulman Ligasy* ýeňiş gazanyp, *Mian Mohammad Nawaz Şarif* üçünji gezek häkimiýete geldi (ol 1990–1993-nji ýyllarda hem ýurdy dolandyrypdy). Onuň döwründe ýurtda durnuksyzlyk dowam etdi. 1997–1998-nji ýyllarda Günorta-Gündogar Aziýada bolan ykdysady çökgünlik Pakistana ýaramaz täsir etdi. 1998-nji ýylda ilki Hindistan, bir aý soň Pakistan atom bombasyny synag etdiler. ABŞ we dünýäniň beýleki iri döwletleri olaryň bu hereketini ýazgardylar, olara garşy halkara sanksiýalary ulanyldy. Dünýä ýurtlarynyň Pakistan bilen gatnaşyklarynyň erbetleşmegi 1999-njy ýylyň ahyryndaky syýasy dartgynlylyga we ýurtda ýene-de döwlet agdarylyşygyna getirdi. General *Perwez Muşarraf* premýer-ministr boldy.



***Perwez Muşarraf** — 1943-nji ýylda Delide diplomatyň maşgalasynda doguľýar. Kakasynyň gulluk wezipesi sebäpli ýaşlygynda Türkiýede ýaşaýar. Harby Akademiýany tamamlaýar. 1965, 1971-nji ýyllardaky hindi-pakistan uruşlarynda aýratyn tapawutlanýar. 1998-nji ýylda Pakistanyň ýaragly güýçleriniň serkerdebaşysy bolýar. 1999-njy ýylda häkimiýete gelýär. 2001–2008-nji ýyllarda Pakistanyň prezidenti boldy.*

Perwez Muşarraf öňki harby düzgünleriňki ýaly berk harby düzgüni dikeltmedi. Ol ýurduň premýer-ministri Mian Nawaz Şarifi agdaryp, 1999-njy ýylda onuň ýerine özi geçdi. Mian Nawaz Şarif 2000-nji ýylda 10 ýyl möhlet bilen watanyndan çykaryldy. 2007-nji ýylda oňa Pakistana gaýdyp gelmäge rugsat edildi. Perwez Muşarraf 2001-nji ýylyň iýunyndan Pakistanyň prezidenti boldy. 2007-nji ýylyň noýabrynda ol ikinji möhlete saýlanjak bolanda, oppozisiýadaky syýasy güýçler harby adamlaryň prezident saýlawlaryna gatnaşmaga Konstitusiýa boýunça hukugy ýok diýip çykyş etdiler. Olar meselä Konstitusion kazyýetiň seretmegini gazandylar. Kazyýet eger Muşarraf ýeňse, saýlawdan soň Ýaragly güýçleriň Baş serkerdebaşysy wezipesinden aýrylmalydygy barada karar çykardy. Muşarraf 2007-nji ýylyň prezident saýlawlarynda ýeňip, soň Ýaragly güýçleriň baş serkerdebaşysy wezipesinden el çekýär. Emma halk hereketi dowam edýär. Muňa jogap edip, Muşarraf 2007-nji ýylyň 3-nji noýabrynda ýurtda adatdan daşary ýagdaý girizýär, Konstitusiýany ýatyrýar. Muşarraf ýurtda yslam fundamentalistlerine garşy aýgytly göreş alyp bardy. Emma oňa garşy çykyşlar güýçlendi.

Daşary ýurtdan watanyna gaýdyp gelen öňki premýer-ministr Benazir Bhutto Perwez Muşarrafyň adatdan daşary ýagdaý girizmegine garşy göreşe başlaýar. Ony öý tussagy edýärler. Emma ol çykyşlaryny bes etmeýär. 2007-nji ýylyň 27-nji dekabrynda Benazir Bhutto terrorçylar tarapyndan öldürilýär. Oppozisiýa onuň öldürilmeginde Perwez Muşarrafy günäkärledi. Halk çykyşlary has-da güýçlendi. 2008-nji ýylyň awgustynda ýurduň parlamentinde Muşarrafyň prezidentlige mynasyp däldigine (impiçment) serediljekdi. Emma Muşarraf şol gün meýletin işden gidýändigini jar etdi.

2008-nji ýylyň sentýabrynda Pakistanyň prezidentligine *Asif Aly Zardary* (ýogalan Benazir Bhuttonyň adamsy) saýlanyldy.



***Asif Aly Zardary** 1955-nji ýylda doglan. 1987-nji ýylda Benazir Bhutto öýlenýär. 1990–1992-nji ýyllarda tussaglykda bolýar. 1993–1996-njy ýyllarda hökümetde ministr bolýar. 1996-njy ýylda dürli bahanalar bilen ýene tussag edilýär. 2008-nji ýylda ondan ähli aýyplamalar aýrylýar. Bhutto öldürilenden soň, Pakistanyň Halk partiýasyna ýolbaşçylyk edýär. 2008–2013-nji ýyllarda Pakistanyň 11-nji prezidenti bolýar. Ogly Bilawal Zardary Pakistanyň Halk partiýasyna ýolbaşçylyk edýär.*

Asif Aly Zardary 2010-njy ýylda özi prezident wagty ýurduň prezidentiniň hukuklaryny çäklendirýän üýtgetmeleri Konstitusiýa girizdi. Konstitusiýa girizilen täze üýtgetmelere görä, indi prezidentiň premýer-ministri özbaşdak wezipesinden boşatmaga, parlamenti dargatmaga, adatdan daşary ýagdaýy girizmäge hukugy ýokdy. Ýurduň premýer-ministriniň hukuklary bolsa artdyrylypdy.

Zardarynyň eglişikler etmegine seretmezden, onuň dolandyran döwri hem asudalyk bolmady. 2010-njy ýylda ýurduň birnäçe ýerlerini suw aldy. 2011-nji ýylda

ABŞ dünýäde birinji terrorçy *Usama ben Ladeni* Pakistanda ýok etdi. ABŞ-nyň Pakistanyň ýolbaşçylaryna duýdurman, ony ýok etmegini äsgermezlik hasaplap, halk çykyşlary başlandy. Emma näme-de bolsa, Zardary möhletiniň ahyryna çenli ýurdy dolandyrmagy başaran seýrek ýolbaşçylaryň biridir.

2013-nji ýylda parlament we prezident saýlawlary geçdi. Parlament saýlawlarynda *Musulman Ligasy* partiýasy ýeňip, onuň lideri *Mian Mohammad Nawaz Şarif* premýer-ministr wezipesini dördünji gezek eýeledi.



***Mian Mohammad Nawaz Şarif*** *1949-njy ýylda Lahorda doglan. Penjap uniwersitetiniň hukuk hünärini tamamlap, dürli wezipelerde işleýär. 1990–1993-nji we 1997–1999-njy ýyllarda ýurduň premýer-ministri bolýar. 1999-njy ýylda general Perwez Muşarrafy daşary ýurtda wagty Ýaragly güýçleriň serkerdebaşysy wezipesinden aýyrmak barada perman çykarýar. Emma Muşarraf oňa boýun egmän, ýurduna gaýdyp gelýär we harby agdarylyşyk gurap, Nawaz Şarifiň hökümetini agdarýar. 2000-nji ýylda Nawaz Şarifi we onuň maşgalasyny ýurtdan çykaryp kowýar. 2013-nji ýylda 4-nji gezek premýer-ministr bolýar. 2017-nji ýylyň 28-nji iýulynda Pakistanyň Ýokary kazyýeti tarapyndan korrupsiýada aýyplanyp, wezipesinden boşadyldy.*

Öň hem 3 gezek premýer-ministr wezipesinde bolan, birnäçe ýyl daşary ýurda sürgün edilen Nawaz Şarif ýurduň prezidentiniň saýlawlaryna öz partiýasynda ikinji adam bolan *Mamnun Hüseýiniň* ýeňiş gazanmagy üçin göreşdi. Prezident saýlawlarynda hem Musulman Ligasynyň öňe süren dalaşgäri ýeňdi. Şeýlelikde, Asif Aly Zardary 2013-nji ýylda prezidentlik wezipesinden gitdi we ol wezipäni *Mamnun Hüseýin* eýeledi.



***Mamnun Hüseýin*** *1940-njy ýylda senagatçylaryň maşgalasynda Agra şäherinde doglan. 1970-nji ýylda Musulman Ligasy partiýasyna girýär. 1999-njy ýylyň iýun-oktýabr aýlarynda Sind welaýatynyň gubernatory bolýar. Perwez Muşarrafyň harby agdarylyşygyndan soň wezipesinden aýrylýar. Karaçi şäherinde ýaşap, dokma senagaty boýunça telekeçilik edýär. Pakistanda prezident saýlawlary 2013-nji ýylyň 30-njy iýulynda bolsa-da, öňki prezident möhleti doly tamamlanýança – 2013-nji ýylyň 9-njy sentýabryna çenli öz wezipesinde işledi. Bu ýagdaý bolsa Pakistanyň taryhynda ilkinji gezekdir. 2013-nji ýylyň sentýabrynda Pakistanyň 12-nji prezidentiniň wezipesine Mamnun Hüseýin girişýär.*

Emma Mamnun resmi döwlet ýolbaşçysy bolsa-da, dolandyrmakda esasy wezipeler premýer-ministriň üstüne ýüklenilipdi.

2017-nji ýylyň 1-nji awgusty – 2018-nji ýylyň 1-nji iýuny aralygynda Pakistanyň premýer-ministri Musulman Ligasy partiýasyndan *Şahid Hakan Abbasi* boldy. 2018-nji ýylyň iýul aýynda bellenilen saýlawlara çenli hökümet baştutanynyň wezipesini ýerine ýetirmek garaşsyz dalaşgär *Nasirul Mülküň* üstüne ýüklenildi.

2018-nji ýylyň awgustynda «Tehrik-e-Insaf» («Adalatlylyk ugrundaky hereket») partiýasynyň öňbaşçysy *Imran Han* Pakistanyň täze hökümet baştutany boldy. Ol ýurtda korrupsiýanyň soňuna çykmaga, 25 *mln* çaga bilim bermäge, Hindistan bilen parahatçylygy ýola goýmaga we söwda gatnaşyklaryny giňeltmäge soz berdi.

Pakistanyň Garaşsyzlyk döwründäki syýasy ösüşini umumylaşdyrsak, şu tapgyrlary tapawutlandyrmak mümkin:

1) 1947–1958 ý. – parlament demokratiýasyny ornaşdyrmaga synanyşyk döwri.

2) 1958–1968 ý. – harby düzgün döwri.

3) 1969–1971 ý. – gatyşyk dolandyryşa geçiş döwri. Bu döwürde harbylaryň gözegçiliginde ählumumy saýlawlar geçirilse-de, ýurtda ählumumy syýasy krizis emele geldi. Ýurduň gündogar bölegi ondan bölünip aýryldy.

4) 1971–1977 ý. – döwletiň täze serhetlerinde parlament dolandyryşyna gaýtadan gaýdyp gelmäge synanyşyk.

5) 1977–1988 ý. – harby düzgün döwri, ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyna yslamyň berk kada-kanunlarynyň ornaşdyrylmagynda ikinji döwrüň gaýtalanmasy.

6) 1988–1999 ý. – harbylaryň täsiriniň saklanyp galmagynda raýat dolandyryşyna geçmäge synanyşyk.

7) 1999–2008 ý. – nobatdaky harby agdarylyşykdan soň harbylaryň täsiriniň artmagy, gatyşyk harby-raýat dolandyryşynyň dowam etmegi.

8) 2008 ý. bärki döwür – raýat dolandyryşyna geçilmegi, prezidentiň hukuklarynyň çäklendirilen döwri.

Umuman, geçen asyryň ikinji ýarymynda Pakistanda 4 gezek – 1958, 1969, 1977, 1999-njy ýyllarda harby agdarylyşyklar guraldy. Bellemeli zat, Pakistanda harby we raýat dolandyryşlarynyň ýarym asyrdan gowrak gezekleşikleri olaryň biri-biriniň üstüni dolmagyna hem getirdi. Harbylar özüniň häkimiýetde galmagynyň kanunylygyny üpjün etmek üçin, raýat dolandyryjylaryny we syýasatçylary hökümete çekdiler. Raýat dolandyryjylary bolsa prezident häkimiýetini berkidip, köplenç, awtoritarizme ýykgyn etdiler.

**Pakistanyň ykdysadyýeti.** Pakistan — oba hojalyk-senagat ýurdy. Dokma senagaty Pakistanyň ykdysadyýetiniň iň esasy pudagy hasaplanýar. Ýurt dünýä bazaryna dokma önümlerini, azyk harytlaryny, sport harytlaryny we enjamlaryny eksport edýär. Karaçi ýurduň esasy deňiz portudyr. Farmasewtika pudagy ösendir. *Habibi, Saýgoly, Daudy, Şeýh Ysmaýyl, Fansi* ýaly iri monopol kompaniýalar ykdysadyýete uly täsir edýärler. Pakistanly alymlaryň bellemegine görä, ýurtda ykdysady häkimligi 20 maşgala öz elinde jemleýär. 2000-nji ýyllarda Pakistanyň ykdysadyýeti ýyllyk 7% durnukly ösüşi görkezdi.

Ilatynyň deň ýary oba hojalygynda zähmet çekýän Pakistan dünýä boýunça pagta, süýt we süýt önümlerini öndürmekde ilkinji bäşlige girýär. Ýurduň «Hemra» duz şahtasy ululygy boýunça dünýäde ikinji orunda bolmak bilen, bu ýerden her ýyl 350 *müň* tonna duz alynýar.

Ýurtda deri-gön önümçiligi hem ösen. Bu bolsa dünýä boýunça sport pökgüleriniň 80 göteriminiň Pakistanda öndürilmegine itergi berýär.

Eksportyň düzümini, esasan, dokma, şaly, deri we haly önümleri düzýär. Ýurduň zähmet bazary giň gerimi bilen dünýäde 10-njy orny eýeleýär.

**Daşary syýasaty.** Pakistan daşary syýasatynda Hindistan bilen gatnaşyklary kadalaşdyrmak ugrunda göreşýär. Ol 1970-nji ýyldan bäri Yslam Konferensiýasy Guramasynyň, 1979-njy ýyldan bäri Goşulmazlyk hereketiniň, 1985-nji ýyldan bäri Günorta Aziýada sebitara hyzmatdaşlyk assosiasiýasynyň we Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (EKO) agzasydyr. Pakistan EKO guramasynyň çäklerinde Türkiýe, Owganystan, Eýran hem-de Merkezi Aziýanyň garaşsyz döwletleri bilen işjeň gatnaşyklaryny ýola goýdy. 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabr wakalaryndan soň Pakistan terrorçylyga garşy bütindünýä bileleşigine işjeň goşuldy. 2003–2005-nji ýyllarda pakistan goşuny ABŞ-nyň ýardam bermeginde Owganystan bilen serhetýaka etraplarda talibanlara garşy harby hereketleri alyp bardy.

**Türkmen-pakistan hyzmatdaşlygy.** Pakistan-türkmen gatnaşyklarynyň taryhy kökleri barada söz açyp, Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A.Nyýazow «Biz Pakistana özümiz üçin iň ýakyn döwlet, taryhy ykballaryň umumylygy, milli häsiýetdäki haýsydyr bir çala göze ilýän meňzeşlik, dünýägaraýyşda, birinji nobatda bolsa, öz-özüňe garaýyşda umumylygy bolan halk hökmünde garaýarys» diýipdi. Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan Pakistanyň ýakyn hyzmatdaşyna öwrüldi.

EKO döwletleriniň Yslamabat maslahatynda (1995-nji ýylyň mart aýy) Saparmyrat Türkmenbaşy ilkinji gezek Türkmenistanyň bitaraplygy hakyndaky teklibi orta atypdy. Pakistan guramanyň beýleki agzalary bilen bilelikde Türkmenistanyň bu teklibini ikelläp goldady. Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A.Nyýazow 1994, 1995, 1997-nji ýyllarda Pakistan Yslam Respublikasynda resmi saparlarda boldy. 1995-nji ýylyň 6–8-nji sentýabrynda Pakistanyň şol wagtky prezidenti Faruk Ahmet han Legariniň Türkmenistana resmi sapary boldy.

2009-njy ýylyň martynda Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasyna girýän döwletleriň döwlet we hökümet baştutanlarynyň Tähranda geçirilen 10-njy ýubileý duşuşygynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Pakistanyň prezidenti Asif Aly Zardary bilen duşuşdy.

Döwletara gatnaşyklarynda türkmen–pakistan hökümetara toparyna möhüm orun degişli. 2009-njy ýylyň 4-nji awgustynda Aşgabatda türkmen-pakistan hökümetara toparynyň birinji mejlisi geçirildi. Onuň jemleri boýunça ikitaraplaýyn teswirnama gol çekildi. Gepleşikleriň netijesinde söwda-ykdysagy ugur, oba hojalygy, ulag we kommunikasiýalar, gurluşyk we beýleki pudaklar özara hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary hökmünde kesgitlenildi. Şondan bäri toparyň mejlisleri her ýylda gezekleşikde dostlukly döwletleriň paýtagtlarynda geçirilýär.

2010-njy ýylyň tomsunda Pakistanyň halkynyň 20 *milliondan* gowragy güýçli çabgalar zerarly dörän suw joşmasyndan ejir çekdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýörite Karary bilen türkmen halkynyň adyndan bu ýurda gyssagly ynsanperwer kömegi ugradyldy. Bu ýere gowşan 40 tonna ýük – çaga iýmiti, goýaldylan süýt, arassa agyz suwy, derman serişdeleri we ilkinji lukmançylyk kömegini etmek üçin

zerur serişdeler iki halkyň kyn günde özara arkalaşýandygynyň subutnamasynyň aýdyň ýüze çykmasy boldy.

2011-nji ýylyň 14-nji noýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Pakistana ilkinji resmi sapary boldy. Hormatly Prezidentimiz Pakistan Yslam Respublikasynyň prezidenti Asif Aly Zardari, premýer-ministri Ýusuf Raza Gilani bilen gepleşikleri geçirdi. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2012-nji ýylda Aşgabatda ikitaraplaýyn söwda-maýa goýum maslahatyny geçirmek baradaky teklibi öňe sürdi. Şeýle hem Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň biriniň binýadynda bilelikdäki innowasion tehnoparky döretmegiň mümkinçiliklerini öwrenmegi teklip etdi. Saparyň jemleri boýunça iki döwletiň daşary syýasat edaralarynyň arasynda Özara düşünişmek boýunça Ähtnama; Medeni hyzmatdaşlyk etmek boýunça Türkmenistanyň Hökümetiniň we Pakistan Yslam Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda 2012–2014-nji ýyllarda medeni hyzmatdaşlygyň maksatnamasyna; Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň we Pakistan Yslam Respublikasynyň Täjirçilik ministrliginiň arasynda hyzmatdaşlyk hakyndaky Ähtnama; Hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmen döwlet habarlar gullugy we «Associated Press of Pakistan» korporasiýasynyň (Pakistan Yslam Respublikasy) arasynda Ylalaşyga gol çekildi. TOPH gaz geçirijisiniň taslamasyna degişli gazy satyn almak-satmak barada Ylalaşyk boýunça bilelikdäki Jarnama gol çekildi.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 15 ýyllyk baýramçylygynyň öňüsyrasynda Pakistanyň prezidenti Asif Aly Zardariniň Aşgabada bolan iş sapary iki döwletiň gatnaşyklarynda möhüm sahypa boldy. Dostlukly döwletiň baştutany ýokary derejedäki Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan duşuşygyna gatnaşdy. Onuň jemleri boýunça Owganystanyň prezidenti Hamid Karzaýyň, Hindistan Respublikasynyň nebit-gaz ministriniň gatnaşmagynda agzalan ugur boýunça gaz geçirijisiniň gurluşygyna badalga bermek barada dörttaraplaýyn Ylalaşyga gol çekildi. Ykdysadyýeti çalt depginler bilen ösýän, ýangyç-energetika çeşmelerine mätäçlik çekýän Pakistan üçin bu taslamanyň ähmiýeti örän uludyr. TOPH taslamasy boýunça geljekde Türkmenistan Owganystanyň üsti bilen Pakistana özüniň tebigy gazyny we elektrik energiýasyny satmagy göz öňünde tutýar. Pakistanyň premýer-ministri Nawaz Şarif 2015-nji ýylyň 13-nji dekabrynda Mary welaýatynda TOPH gaz geçirijisiniň hem-de «Galkynyş» gaz känini senagat taýdan özleşdirmegiň üçünji nobatdakysynyň desgalarynyň gurluşygyna badalga berliş dabarasyna gatnaşdy. Bu dabara Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow hem-de Owganystan Yslam Respublikasynyň prezidenti Mohammad Aşraf Gani we Hindistan Respublikasynyň wise-prezidenti Mohammad Hamid Ansari dagylar hem gatnaşdylar.

2015-nji ýylyň maý aýynda Pakistan Yslam Respublikasynyň premýer-ministri Nawaz Şarifiň Türkmenistana, 2016-njy ýylyň mart aýynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Pakistana resmi saparlary döwründe geçirilen gepleşiklerde iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary has-da ösdürmeklige degişli meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy, iki tarap üçin hem ähmiýetli birnäçe ylalaşyklar baglaşyldy. Hormatly Prezidentimize Pakistan Yslam Respublikasynyň

14. Sargyt № 3172

Kaid-i-Azam uniwersitetiniň «Syýasy ylymlaryň hormatly doktory» diýen alymlyk derejesiniň dakylmagy dünýäde ykrar edilen milli Liderimiziň türkmen we pakistan halklarynyň arasyndaky dostluk-doganlyk gatnaşyklaryny berkitmäge goşan ägirt uly şahsy goşandynyň, ylym we bilim ulgamynda ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmekde bitiren hyzmatlarynyň hakyky ykrar edilmesi boldy.

Pakistanyň prezidenti Mamnun Hüseýin 2017-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda Aşgabat şäherinde geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň açylyş dabarasyna hormatly myhman hökmünde gatnaşdy.

Pakistan Türkmenistanyň Prezidentiniň öňe sürýän halkara derejesindäki tekliplerini goldap çykyş edýär.

♦ **Halaç türkmenlerinden** bolan **Muhammet Bagtyýar Halajy** XIII asyrda Bengaliýada (Malwada) **Halaç soltanlygyny** gurdy. Onuň ady Andalybyň «Oguznama» eserinde ýatlanylýar. Bagtyýar Halajy Bengaliýada Halaç soltanlygyny berkitmekde diplomatik serişdelerinden hem peýdalanypdyr. Köneürgenç türkmenleriniň hökümdary Muhammede, Bagdatdaky Apbasy halyfy Nasyra (1180–1225) ilçiler, Hindistana dürli taryhy döwürlerde baran türkmen taýpalarynyň üstüne wekiller iberipdir.

♦ Günorta Aziýa ýurtlarynyň sebitara hyzmatdaşlyk guramasy (SAARC) – ilatynyň sany boýunça (1,6 *mlrd* adam) iň iri sebitara gurama hasaplanýar.

♦ Pakistan – ilatynyň sany boýunça dünýäde 6-njy, musulman ilatynyň sany boýunça Indoneziýadan soň 2-nji ýerde durýar.

♦ **Usame Ben Laden** ABŞ-nyň Harby deňiz güýçleriniň SEAL topary tarapyndan 2011-nji ýylyň 2-nji maýynda Yslamabadyň 50 km golaýynda Abbotabad şäherindäki willasynda 4 sagada çeken ýörite operasiýanyň netijesinde öldürildi.

♦ **Mohenjo-Daro («ölüleriň depesi»)** – b.e.öň 2,5 müň ýyl ozal esaslandyrylan gadymy siwilizasiýanyň merkezi. Gadymy şäheriň perimetri 5 kilometre ýetýär.

♦ 1971-nji ýylyň aprelinden dekabryna çenli 10 *mln*-a golaý adam Gündogar Pakistandan Hindistana bosgun bolup gaçdy.

## VI BAP. EÝRAN XX ASYRYŇ II ÝARYMYNDA – XXI ASYRYŇ BAŞLARYNDA



***Eýran** – (1935-nji ýyla çenli Persiýa) Günorta-Günbatar Aziýada ýerleşen döwlet. Günbatarda Yrak, demirgazyk-günbatarda Azerbaýjan, Ermenistan, Türkiýe, demirgazykda Türkmenistan, gündogarda Owganystan, Pakistan bilen serhetleşýär. Eýranyň çägi demirgazykda Hazar deňzi, günortada Pars we Oman aýlaglarynyň suwy bilen ýuwulýar. Tutýan meýdany 1 648 000 inedördül km (dünýäde 17-nji ýerde). Ilaty 2015-nji ýylyň maglumaty boýunça 78,4 mln adam (dünýäde 17-nji ýerde).*







Ikinji Jahan urşy ýyllarynda Eýrana iňlis we sowet goşunlary salnypdy. Iňlis goşunlarynyň Eýrandan çykarylandygyna garamazdan, SSSR bu ýerden hem goşunlaryny wagtynda çykarmady. Ikinji Jahan urşundan soň Eýran Azerbaýjanynda we Kürdüstanda demokratik hereketler giňden ýaýbaňlandy. Bu herekete syýasy taýdan kompartiýanyň wezipesini ýerine ýetiren *Eýranyň Halk partiýasy (Tude)* ýolbaşçylyk edipdir. 1945-nji ýylyň ahyrynda olaryň ikisem awtonomiýa hukugyny yglan etdiler. Kürtler *Mehabat Respublikasyny* döretdiler. Bu ýagdaý 1946-njy ýylyň dekabryna çenli dowam etdi. Eýrandaky özbaşdaklyk hereketini SSSR ikelläp goldady. Eýran muny öz içerki işlerine goşulmak hasaplap, 1946-njy ýylyň ýanwarynda BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşine ýüz tutdy. Eýranyň we ABŞ-nyň zor salmagy bilen, SSSR 1946-njy ýylyň 6-njy maýynda Eýrandan goşunlaryny çykardy.

1946-njy ýylyň başynda *Ahmet Kawam-es-Saltane* hökümete baştutan bellendi. Onuň hökümeti ýurtdan çaltrak sowet goşunlaryny çykarmak üçin, SSSR babatda çeýe syýasat ýöredipdir. 1946-njy ýylyň 4-nji aprelinde SSSR bilen üç meselede ylalaşyk gazanylýar:

1) bir ýarym aýyň dowamynda sowet goşunlaryny Eýrandan çykarmak;

2) Demirgazyk Eýranda nebit ýataklaryny gözlemek we ulanmak barada Sowet-Eýran jemgyýetini döretmek;

3) Eýran Azerbaýjany meselesini parahatçylykly ýagdaýda çözmek.

1946-njy ýylyň iýunynda Eýran Azerbaýjanyna özbaşdaklyk hukugy berilýär. Kürdüstanyň özbaşdaklygy hem ykrar edilýär.

Ýurtdan sowet goşunlary çykarylandan soňra, hökümet Eýran Azerbaýjanynyň we Kürdüstanyň özbaşdaklygyny ýok etmäge girişýär. 1946-njy ýylyň güýzünde Fars welaýatynda «*Günorta hereketi*»




*Eýranda sowet we iňlis täsir zolaklary, 1946 ý.*

atly hereket başlandy. Onuň ýolbaşçylary hökümetden Eýranyň «böleklere bölünmeginiň» öňüni almagy talap etdiler. Dekabrda hökümet goşunynyň salynmagy bilen Eýran Azerbaýjanynyň we Kürdüstanyň awtonomiýasynyň soňuna çykyldy.

Ikinji Jahan urşundan soň ABŞ özüniň Eýrandaky täsirini artdyrdy. 1947-nji ýylyň oktýabrynda Eýrandaky amerikan harby missiýasynyň işi hakynda eýran--amerikan ylalaşygy baglaşyldy. ABŞ ýarag we harby enjamlary satyn almak üçin Eýrana uly möçberde karz berdi. Eýran mejlisi SSSR bilen baglaşylan Demirgazyk Eýranda nebit ýataklaryny gözlemek baradaky ýokarda agzalan şertnamany tassyklamady. ABŞ-a eýerýän Kawamyň hökümeti «ýurduň günortasyndaky nebite eýran halkynyň hukugyny dikeltmek» meselesini mejlisde goýdy. Bu iňlis-eýran nebit kompaniýasynyň ýolbaşçylaryna ýaramady. Olaryň basyşy astynda 1947-nji ýylyň ahyrynda Kawamyň hökümeti iş başyndan aýryldy.

1948–1951-nji ýyllaryň aralygyndaky hökümetler demokratik hereketlere garşy öç almalary güýçlendirdiler. Olar Eýranyň daşary ýurtlara garaşlylygyny gowşadyp bilmediler. Halkyň arasynda närazylygyň artmagy ýurtda terrorçylykly hereketleriň bolmagyna hem getirdi. 1949-njy ýylyň 4-nji fewralynda şanyň janyna kast etmäge synanyşyk edildi. Eýranda ykdysady agalygyny güýçlendirmek ugrunda iňlis-amerikan bäsdeşligi güýçlendi. 1950-nji ýylyň 23-nji maýynda eýran-amerikan harby şertnamasy baglaşyldy.

**Eýran nebitini millileşdirmek ugrundaky hereket.** Ýurtda 1933-nji ýylyň deňhukuksyz şertnamalaryny ýatyrmak we nebit senagatyny millileşdirmek ugrunda halk hereketi başlandy. Çünki Eýran öz nebitinden gelýän girdejiniň hakyky eýesi däldi. 1947-nji ýylda ol öz nebitiniň girdejisinden bary-ýogy 9%-ini almaga haklydy. Halk hereketiniň basyşy astynda 1951-nji ýylyň aprelinde ýurduň mejlisi nebit senagatyny millileşdirmek hakda kanuny kabul edip, ony amala aşyrmagy 29-njy aprelde düzülen täze hökümete – *Milli frontuň baştutany doktor Muhammet Mosaddyga* tabşyrdy.



***Muhammet Mosaddyk*** *(1882–1967) – Eýranyň 1951–1953-nji ýyllardaky premýer-ministri. Mosaddygyň kakasy Mirza Hideýýatulla Han Aştiani Bahtiary Gajarlar neberesiniň Horasandaky maliýe ministri, ejesi Şahzade Malika Täç-Hanum bolsa Gajarlar neberesinden Fath Aly şanyň çowlugy, Abbas Mürzäniň bolsa agtygy bolupdyr. Mosaddygyň özi ene tarapdan Nasreddin şanyň agtygyna öýlenipdir. Birinji Jahan urşy ýyllarynda Parižde, Şweýsariýada bilim alýar. Angliýa bilen 1919-njy ýylyň deňhukuksyz şertnamasyna garşy bolýar. 1949-njy ýylda Milli front partiýasyny esaslandyrýar. Eýran nebitiniň millileşdirmegine garşy dildüwşügiň netijesinde häkimiýetden çetleşdirilýär.*

Ozalky iňlis-eýran kompaniýasy ýatyrylyp, onuň emlägi elinden alyndy. Angliýa şertnamanyň birtaraplaýyn tertipde ýatyrylmagyny kanuny däl hasaplady, diňe konsession şertnamanyň ýatyrylmagy netijesinde ýetirilen zyýanyň däl, eýsem, onuň bozulmagy üçin hem öweztölegini tölemegi talap etdi. Mosaddyk daşary syýasatda «*passiw deňagramlylyk*» atly garaşsyz daşary syýasat ýöretmekçi boldy. ABŞ we Beýik Britaniýa onuň hökümetine ýokarda agzalan kanundan ýüz öwürtmek üçin basyş görkezdi. Ähli önümi eksporta gidýän Abadan nebiti gaýtadan işleýän zawody işlemesini bes etdi. Hatda Eýrana Gaaga halkara kazyýetiniň üsti bilen hem basyş görkezmäge synanyşyldy. 15-nji iýulda Tährana gelen ABŞ-nyň prezidenti Trumeniň wekili *Uilýam Garriman* eýran nebiti hakdaky meseläni agtaryş, gazyp almak, arassalamak we satmak işlerini iki sany daşary ýurt kompaniýasyna bermek arkaly çözmegi teklip etdi. Emma eýran hökümeti ony kabul etmedi. Garrimanyň gelen güni Tähranda 100 *müň* adamlyk nägilelik köçe ýörişi boldy. Oktýabr aýynda ABŞ we Beýik Britaniýa bu meseläni BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşine goýmakçy boldy. Emma Mosaddyk onuň Eýranyň içerki işidigini aýdyp, ony inkär etdi. 1951-nji ýylyň oktýabrynda Mosaddygyň resmi sapar bilen ABŞ-da bolup, meseläni diplomatik ýollar bilen çözmek synanyşygy başa barmady. 1952-nji ýylyň güýzünde Eýran Beýik Britaniýa bilen diplomatik gatnaşyklaryny kesdi. Iňlis-eýran kompaniýasynda işleýän iňlis işçileri ýurtdan çykaryldy.

Mosaddygyň şahsy abraýynyň artmagy şany we onuň töweregindäkileri ynjalykdan gaçyrypdyr. Mundan Mosaddyga garşy bolan syýasy güýçler peýdalandylar. Şa bilen Milli frontuň arasynda gapma-garşy durma 1952-nji ýylyň iýulynda ýetjek derejesine ýetýär – şa Mosaddygy hökümet başlygy wezipesinden boşadýar. Muňa jogap edip, Tähranda başlanan ählihalk gozgalaňyny hatda tanklar hem basyp ýatyryp bilmeýär. 22-nji iýulda şa Mosaddygy hökümete gaýtaryp getirmäge, oňa harby ministriň wezipesini hem bermäge mejbur bolýar. Iýul wakalaryndan soň Milli frontuň düzüminde bölünişik boldy. Eýranyň halk partiýasynyň wekilleri Mosaddykdan Günbatar döwletleri bilen gatnaşyklary doly kesmegi talap etdiler. Ony «amerikan imperialistleri» bilen dilleşmekde aýypladylar. Ýurtda şanyň garşysyna halk çykyşlary başlandy. Şa ilki Bagdada, soňra Rime gaçdy.

1953-nji ýylyň 19-njy awgustynda Eýranda döwlet agdarylyşygy guraldy. Ony guraýjy general *Fazlolla Zahedi* hökümetiň baştutany boldy. 1953-nji ýylyň dekabrynda Angliýa bilen diplomatik gatnaşyklar dikeldildi. Zahedi ABŞ we Beýik Britaniýa bilen nebit meselesi boýunça gepleşiklere başlady. 1954-nji ýylda *Halkara nebit konsorsiumyny* döretmek barada ylalaşyga gol çekildi. Konsorsiumyň eýeçiligi 1 *mlrd* dollara barabardy. Paýnamalaryň 40%-ini ABŞ, 40%-ini iňlis-eýran nebit kompaniýasy, 14%-ini iňlis-golland kompaniýasy, 6%-ini fransuz kompaniýasy eýe-



*Fazlolla Zahedi*

ledi. Nebitden gelýän girdejileriň 50%-i Eýranyň paýy diýlip kesgitlenildi. Oňa laýyklykda, Eýranyň nebit baýlyklary 1994-nji ýyla çenli şol kompaniýanyň eline berildi.

**50-nji ýyllarda Eýranyň daşary syýasaty.** Zahedi daşary syýasatda ABŞ we Günbatar döwletleri bilen ysnyşykly syýasat alyp bardy. Şa bu ugry «*pozitiw milletçilik*» diýip atlandyrdy. 1952-nji ýylda Eýran Trumeniň doktrinasy boýunça amerikan kömegini alyp başlady. 1955-nji ýylyň oktýabrynda Eýran Bagdat paktyna girdi. 1957-nji ýylyň martynda «*Eýzenhaueriň doktrinasy*» kabul edildi, 1959-njy ýylda ABŞ bilen ikitaraplaýyn harby ylalaşyk baglaşyldy. Býujetiniň 40%-ini harby maksatlara gönükdirdi. ABŞ Eýranda harby desgalary gurmagyny ýene dowam etdirdi. 1960-njy ýylda Eýrandaky amerikan maslahatçylarynyň sany 12 *müň* adama çenli artypdyr. 1958-nji ýylda Eýranda 1000-den gowrak daşary ýurt kompaniýasy bardy. Ýurduň bergisi 1962-nji ýylda 1 *mlrd* dollara ýetdi. Eýran 1960–1962-nji ýyllarda azyk ýetmezçiligi zerarly ABŞ-dan ýüzlerçe *müň* tonna galla satyn almaly boldy.

50-nji ýyllarda Eýran SSSR bilen serhetýaka meselelerini düzgünleşdirdi. 1956-njy ýylda Eýran şasy SSSR-de saparda boldy. 1956-njy ýylda sowet hökümeti Kewir-Hurian sowet-eýran nebit jemgyýetindäki paýyny Eýrana muzdsuz berdi. 1957-nji ýylda iki döwletiň arasynda özara harytlary ibermek we tranzit hakynda, şeýle hem Araks we Etrek derýalarynyň suwuny bilelikde ulanmak hakynda ylalaşyk baglaşyldy. Iki döwlet göni demirýol gatnawyny ýola goýmaga ylalaşdylar. Emma M.Ygbalyň (1957–1960) we A.Amininiň (1961–1962) hökümetleri SSSR-e garşy açyk duşmançylykly syýasat alyp bardylar. Olar iş başyndan aýrylansoň, iki döwletiň gatnaşyklary gowulaşyp başlady. 1962-nji ýylyň 15-nji sentýabryndaky notasynda eýran hökümeti «hiç bir daşary ýurda Eýranyň çäginde raketalaryň islendik görnüşini ýerleşdirmäge hukuk bermejekdigini» bildirdi.

**60-njy ýyllaryň özgertmeleri.** 50-nji ýyllaryň ortasynda Eýranda Muhammet Rezanyň şahsy häkimligi has artdy. Ykdysadyýetde «Açyk gapylar» syýasaty alnyp baryldy. 1955-nji ýylda Eýrana daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek barada kanun kabul edildi. 1958-nji ýylda ýurtda ýyllyk dolanyşygy birnäçe milliard dollar bolan daşary ýurt kompaniýalarynyň we firmalarynyň müňlerçesi bardy. 1956-njy ýylda ýediýyllyk meýilnama işlenip düzüldi. 60-njy ýyllarda ýurduň oba hojalygy gözgyny ýagdaýdady. Ýerleriň 90%-i şaha we ilatyň bary-ýogy 1%-ini düzýän baýlara degişlidi. Ýurt dänäni daşyndan satyn almaly bolýardy. Daýhanlar, şäher ilaty hökümetiň syýasatyna nägileligini açyk bildirip başlady. Bu zatlar şadan düýpli özgertmeleri geçirmegi talap etdi.



*Muhammet Reza şa aýaly bilen*

Şa Muhammet Reza Pehlewi 1963-nji ýylda ýurtda jemi 19 sany uly özgertmeler toplumyny durmuşa geçirmäge başlady. Olar öz döwründe «*ak ynkylap*» ýa-da «*şa bilen halkyň ynkylaby*» adyny aldy. Ol, esasan:

1) agrar özgertmäni amala aşyrmagy;

2) tokaýlary millileşdirmegi;

3) agrar özgertmäni maliýeleşdirmek üçin döwlet zawod-fabriklerini satmagy;

4) kärhanalaryň 20% paýnamalaryny işçilere satmagy;

5) mejlise saýlawlar hakdaky kanuny üýtgetmegi;

6) sowatsyzlyga garşy göreşmek üçin «*magaryf korpuslaryny*» döretmegi göz öňünde tutýardy.

Özgertmeler oba hojalygyndan başlandy. Ol 3 tapgyrda geçirildi. 1960-njy ýylyň kanunyna görä, iri ýer eýeçiligi düme ýerlerde 800 gektara, suwarymly ýerlerde 40 gektara çenli çäklendirildi. 1962-nji ýylyň kanuny boýunça iri ýer eýeçiliginiň aňrybaş çägi 400 gektara getirildi. Artykmaç ýerler tölegini uzakmöhletleýin (15 ýyllyk) tölemek şerti bilen daýhanlara berildi. 1963-nji ýylyň özgertmeleriniň netijesinde iň aňryçäk iri ýer eýeçiligi häzirki zaman tehnikasyny ulanýan fermer hojalyklary üçin 500 gektar diýlip bellendi. Resmi maglumatlara görä, 1971-nji ýylda, takmynan, 2,5 *mln* daýhan hojalyklary ýer paýlaryny aldylar.

Agrar özgertme bilen birlikde tokaýlar we öri meýdanlary, suw gorlary millileşdirildi. Döwlet kärhanalarynyň bir bölegi hususyýetçilere satyldy. Harby gulluga çagyrylanlaryň bir bölegi alty aý ýörite taýýarlygy geçenden soňra, obalara sowatsyzlygy ýok etmek üçin ugradyldy. Obalara «*saglyk korpuslary*» hem ugradyldy. «*Abadanlaşdyryş we ösüş korpuslarynyň*» maksady obalarda abadanlaşdyryş işlerini geçirmek hem-de oba hojalygyny ýöretmegiň täze usullaryny ornaşdyrmakdan ybaratdy. Oba ýerlerinde «*adyl kazyýet öýleri*» açyldy.

Özgertmeleriň esasy ugry senagaty döwrebaplaşdyrmaga gönükdirildi. 70-nji ýyllarda dünýä bazarynda nebitiň bahasynyň ýokarlanmagy Eýrana ummasyz girdeji getirdi. Eýran ABŞ-dan, Wenesueladan, Saud Arabystanyndan soň nebiti köp öndürýän ýurda öwrüldi. 1950-nji ýyl bilen deňeşdirilende 1972-nji ýylda eýran gaznasyna nebitden gelýän girdeji 40–45 esse artdy. Diňe 1972–1977-nji ýyllarda ýurt 90 *mlrd* dollar girdeji gazandy. Nebitden gelýän girdejiler Eýranyň yzagalaklygyny ýeňip geçmäge gönükdirildi. Ýurtda nebit-himiýa we gaz senagaty, metallurgiýa, maşyn gurluşygy pudaklary döredildi.

Senagat önümçiliginiň depgini aşa ýokarydy. 60–70-nji ýyllarda senagat önümçiligi ýyllyk 10–15% artdy. Ykdysady ösüşi boýunça Eýran Ýaponiýadan soň Aziýada ikinji orna geçipdi. Üçünji bäşýyllygyň dowamynda ýurtda 300 sany elektrostansiýa işe girizildi. 1960-njy ýyl bilen deňeşdirilende 1970-nji ýylda jemi içerki önüm ýylda 10%, ýagny 4 esse artyp, 15 *mlrd* dollara ýetdi. Ýurduň ykdysadyýetinde hususy pudak berkäpdi. Muhammet Reza asyryň ahyryna çenli Eýrany dünýäniň 5-nji industrial döwletine öwürmegi özüne baş maksat edindi.

Yslam ynkylabyna çenli Eýranda 45 sany maşgala iri monopol kompaniýalaryň 85%-ini öz elinde jemleýärdi. «*Şahriýar*», «*Melli*», «*Pars*», «*Hawar*», «*Sepenta*» kompaniýalary metal, aýakgap, awtoulag, nah-mata, durmuş himiýasy önümçiliklerini gözegçilikde saklaýardy.

Emma özgertmeler harsal we, köplenç, oýlanyşyksyz geçirilipdi. Bu bolsa Eýran jemgyýetini öňünden görülmedik netijelere getirdi. Agrar özgertmeler obadaky adaty durmuşy bozdy. Ilatyň gatlaklaýyn düzümini üýtgetdi: garyplar barha garyplaşdy, barlylar has baýady. 60–70-nji ýyllarda oba ilatynyň garyp gatlagynyň 40%-inden gowragy şäherlere göçdi. Ilatyň köp jemlenen ýeri bolan şäherleriň öňem derdeseri ýetikdi. Ilatyň çalt köpelmegi işsizligiň artmagyna getirdi. Oba hojalyk önümçiligi azalyp, Eýran azyk önümlerini daşary döwletlerden satyn alyp başlady. 1978-nji ýylda Eýranyň daşardan getirden azyk harytlarynyň gymmaty 2 *mlrd* amerikan dollaryndan gowrakdy. Puluň hümmetiniň gaçmak derejesi 35%-e ýetipdi.

Ýurduň syýasy durmuşynda şanyň kulty has berkäpdir. 1975-nji ýylda Muhammet Reza köppartiýalylyk ulgamyny dargadyp, «*Rustahiz*» («*Galkynyş*») partiýasyny döredipdir. Onuň maksady eýran jemgyýetini Pehlewiler neberesiniň töweregine jebisleşdirmekden ybaratdy. 1975-nji ýylda ýurtdaky sosial dartgynlylygy gowşatmak üçin şa özgertmeleriň täze tapgyryny geçirmäge synanyşypdyr. Özgertmeler öňem döwlet pudagy bilen bäsleşip bilmeýän orta hususyýetçilere – adaty «bazar gatlagyna» agyr zarba urupdyr. Olar şaýy ruhanylary bilen birleşip, şa düzgünine garşy oppozisiýa geçipdir.

Özgertmeler halkyň asyrlarboýy öwrenişen ýaşaýyş durmuşyna täsir etdi. Halk Günbataryň ýaşaýyş nusgasyny kabul etmäge taýyn däldi. Şonuň üçin halkyň şa düzgünine garşy närazylygy göreşe ösüp geçdi. Bu göreşe ruhanylar ýolbaşçylyk etdi. Olaryň öňbaşçysy *Aýatolla Homeýnidi*.



***Aýatolla Ruholla Musawi Homeýni*** *(1900–1989). Ruhany maşgalasynda doglan. Dini bilim alansoň, 27 ýaşynda Kum şäherinde dini bilimleri okatmaga başlaýar. 1953-nji ýylda Mosaddygyň hökümeti agdarylyp, ýurtda şa düzgüniniň güýçlenmeginden soň onuň garşysyna açykdan-açyk çykyş edip başlaýar. 1964-nji ýylyň noýabr aýynda şa hökümeti ony Türkiýä gitmäge mejbur edýär. 1965-nji ýylda Homeýni Nejefe (Yrak) gelýär. Bu ýerdäki şaýy dini merkezinde 13 ýyllap ders berýär. Şu ýerden dolandyryşyň yslam görnüşi hakynda «Yslam dolandyryşy» atly işini ýazýar. 1978-nji ýylyň oktýabr aýynda Homeýni Fransiýa gidýär. Şu ýerde ol öz tarapdarlary bilen eýran ynkylabyna ýolbaşçylyk edýär. Homeýni 1979-njy ýylyň 1-nji fewralynda Parižden Tährana gelýär. Üç million adam ony garşylamaga çykýar.*

**1978–1979-njy ýyllaryň yslam rewolýusiýasy.** Eýrandaky syýasy krizis 1978-nji ýylyň başynda Kum şäherinde hökümete garşy çykyşlaryň ýaragly basylyp ýatyrylmagyndan başlanypdy. Ýagdaýdan çykalga hökmünde şa şol ýylyň ahyrynda harby hökümeti ýatyryp, Milli frontuň liderlerinden *Şapur Bahtiýary* hökümete getiripdir. Emma halk muny özüne garşy dildüwşik hökmünde kabul edipdir. Amerikanlaryň şany halas etmäge synanyşmagy ýurtda antiamerikan meýillerini barha artdyrypdyr. Bahtiýaryň maslahaty bilen şa 1979-njy ýylyň 16-njy ýanwarynda ýurdy taşlap, maşgalasy bilen Asuana dynç almaga gidýär. Fewral aýynyň

başynda halk çykyşlary has-da güýçlendi. 1-nji fewralda 15 ýyllyk daşary ýurt emigrasiýasyndan soň Homeýni watanyna gaýdyp geldi. Tähran aeroportunda ony garşylamaga 3 milliondan gowrak adam gatnaşdy. Homeýniniň Eýrana gaýdyp gelip, ähli häkimligi eline alandygyny eşiden Muhammet Reza indi Watanyna gaýdyp baryp bilmejegine düşünýär. Ol ilkibada Marokka, Bagam adalaryna, ABŞ-a, Panama gidýär, ol ýerdenem Müsüre gaýdyp gelýär. Şol ýerde-de 1980-nji ýylda aradan çykýar.



*Ymam Homeýniniň Fransiýadan Watanyna gaýdyp gelmegi*

9–10-njy fewralda şa gwardiýasynyň Tähranyň awiasion bazasynyň gullukçylarynyň üstüne çozmagy gozgalaňyň başlanmagyna getirdi. 1979-njy ýylyň 10–11-nji fewralyndaky yslam rewolýusiýasynyň netijesinde halk şa düzgünini agdardy. Fewral aýy eýran ýylnamasy boýunça bahman aýy diýlip atlandyrylýar. Wakalaryň, esasan, bahman aýynda bolany üçin eýran halkyna ol *Bahman ynkylaby* ady bilen meşhurdyr. Hökümet baştutany Bahtiýar ýurdy taşlap gitdi.

**Eýran Yslam Respublikasynyň döremegi.** 1979-njy ýylyň 1-nji aprelinde döwlet resmi taýdan *Eýran Yslam Respublikasy* (EYR) diýlip yglan edildi. Respublikanyň başynda onuň ruhy ýolbaşçysy – *rehberi* Aýatolla Homeýni durýardy (Homeýni aradan çykansoň, rehber wezipesini Aly Hameneýi eýeledi). 12 sany dini ulamadan ybarat gözegçilik geňeşi mejlisiň üstünden gözegçilik edýär.

Ösüş ýoluny saýlap alanda Eýran yslam däplerine artykmaçlyk berdi. 1979-njy ýylyň dekabrynda ýurduň Konstitusiýasy kabul edildi. Oňa laýyklykda, geljekki yslam jemgyýetiniň ykdysady süňňüni *touhid ykdysadyýeti* (Alla tarapyndan sazlaşdyrylýan ýa-da öz-özüni üpjün edýän ykdysadyýet) düzmelidi. Bu nazaryýeti EYR-iň ilkinji prezidenti *Abulhasan Banisadr* (1979–1981) öňe sürüpdi. Konstitusiýa laýyklykda, EYR-iň ykdysady ulgamy döwlet, kooperatiw we hususy pudaklara daýanýardy. Döwlet pudagy ykdysadyýetiň agramly bölegini elinde saklaýar. Goranmak senagaty, nebit-himiýa toplumy, metallurgiýa senagaty ýaly ykdysadyýetiň saldamly pudaklary onuň elinde jemlenipdi. Touhid ykdysadyýeti maýa goýumynyň bir elde jemlenmegini çäklendirmekde özüni kapitalizmden, döwlet pudagyny çäklendirmekde bolsa sosializmden tapawutly hasaplaýardy. Rehberiň goldawyny alan Yslam respublikan partiýasy dolandyryjy partiýady. 1979-njy ýylyň ahyrynda *Mehdi Bazarganyň* hökümet başyndan, 1981-nji ýylyň tomsunda ilkinji prezident Banisadryň iş başyndan aýrylmagy bu partiýanyň häkimligini has-da berkitdi.

Homeýni daşary syýasatda «*Ne Günbatara, ne Gündogara, diňe ortalyk ýola eýermeli*!» diýen özbolușly ugry öňe sürdi. Bu syýasata Eýranda «*Üçünji ýol*» ýa-da «*Homeýniniň ýoly*» diýlip at berildi. Bu syýasat Eýranyň iki ulgamyň öňüni

çekýän iki sany uly döwletiň yzyna eýermejekdigini aňladýardy. Eýran SENTO-nyň düzüminden çykdy. ABŞ we beýleki Günbatar döwletleri bilen harby we raýat kontraktlarynyň ençemesi, şol sanda, Halkara nebit konsorsiumy bilen şertnama ýatyryldy. 1979-njy ýylyň noýabrynda ABŞ-nyň ilçihanasynyň basylyp alynmagy we onuň işgärleriniň uzak wagtlap girewine saklanmagy Eýranyň ABŞ bilen gatnaşyklaryny has ýaramazlaşdyrdy. Günbatar ýurtlary Eýranyň garşysyna ykdysady sanksiýalary girizdiler. Amerikan banklaryndaky eýran pul goýumlary doňduryldy.

**Eýran-Yrak urşy (1980–1988).** Eýran-Yrak urşy serhetýaka *Şatt el-Arap* derýasynyň üstünde başlandy. Serhet dawalaryny düzgünleşdirmek baradaky 1913, 1934, 1969, 1975-nji ýyllardaky şertnamalar meseläni oňyn çözüp bilmändi.

1980-nji ýylyň sentýabrynda Eýran bilen Yragyň arasynda uruş başlandy. Uruş uzaga çekiji häsiýete geçdi. Taraplar ýaraglanyşyk üçin ummasyz çykdajylar edýärdiler. 1986-njy ýylyň ahyryna çenli ýarag we harby enjamlary satyn almak üçin Yrak 55 *mlrd* dollar, Eýran bolsa 25 *mlrd* dollar harçlapdy.

«*Portlaryň we şäherleriň urşy*» adyny alan bu uruş taraplary halys surnukdyrypdy. Taraplara töwella etmekde BMG-niň Baş sekretarynyň ýörite wekili, Şwesiýanyň premýer-ministri Ulof Palme uly hyzmat bitirdi. 1987-nji ýylda BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi eýran-yrak urşuny bes etmek barada 598-nji rezolýusiýany kabul etdi. 1988-nji ýylyň awgustynda uruş hereketleri togtadyldy. Uruş resmi ýagdaýda 1990-njy ýylda Yragyň teklibi bilen, Eýran-Yrak şertnamasynyň baglaşylmagy netijesinde ýatyryldy. Uruş hiç hili netijesiz gutardy. Bu uruşda hiç tarap hem ýeňmedi. Serhet öňküligine galdyryldy.

Eýran-yrak urşunda 1 *milliondan* gowrak adam wepat boldy. Yrak himiýa ýaragyny ulandy. Zäherli gazlardan Eýranyň 100 *müňden* gowrak adamy ýogaldy. Iki döwlete-de urşuň ýetiren maddy zyýany 400 *mlrd* amerikan dollaryna barabar boldy. BMG-niň hünärmenleriniň hasaplamalary boýunça Eýranyň uruşda çeken zyýany 102–103 *mlrd* dollara ýetdi.

**80-nji ýyllardaky özgertmeler.** Eýran-yrak urşy bilen bagly kynçylyklar ýurtda özgertmeleri geçirmegiň zerurlygyny orta çykardy. 80-nji ýyllaryň ahyryndan başlap, Eýran giňişleýin özgertmeler döwrüni başdan geçirýär. Ösüşiň yslam ýolunyň täze basgançagy prezident *Rafsanjanynyň* ady bilen baglanyşyklydyr.



***Aly Akbar Haşemi Rafsanjany** (1934–2017) şaýylaryň dini merkezi Kum şäherindäki Faýziýe medresesini üstünlikli tamamlapdyr. Ol Homeýniniň täsiri bilen şa düzgünine garşy göreşe goşulýar. 60–70-nji ýyllarda özüniň syýasy garaýyşlary üçin birnäçe sapar türme tussaglygynda bolýar. Tähranda hususy çaphanasyny açyp, dini-syýasy äheňli kitaplary neşir etdirýär. Ynkylapdan birnäçe ýyl öň Ýewropada we ABŞ-da bolup görýär. Yslam ynkylabynyň ýeňşinden soň içeri işler ministri, «yslam medeni ynkylabynyň» baş ştabynyň agzasy wezipelerinde täze düzgüni berkitmäge işjeň gatnaşýar. 1980–1989-njy ýyllarda eýran mejlisiniň (parlament) başlygy bolýar. 1989–1997-nji ýyllarda EYR-iň prezidenti bolýar.*

Ýurduň dolandyryjy toparlarynyň ählisi Eýranyň geljegini yslamyň ýaşyl baýdagynyň astynda göz öňüne getirýärler. Geljekde Eýran haýsy ýol bilen ösmeli? Onuň geljegi nähili bolar? Homeýniniň wesýetlerine wepalylygyna galýan Eýrandaky ruhany dolandyryjylar ýurduň ösüş ýoly meselesinde iki topara bölünýärler:

1. Özgertmeleriň tarapdarlary (*pragmatikler*). Olar Homeýniniň ýoluny özgertmeler arkaly kämilleşdirmegiň tarapdarlary.

2. Homeýniniň ýoluny hiç hili üýtgewsiz tutmagyň tarapdarlary (*ortodokslar*). Bu iki toparyň wekilleriniň ählisi hem Homeýniniň ýoluna wepaly bolmagynda galýar. Olaryň arasynda düýpli garşylyk duýulmaýar.

Haşemi Rafsanjany birinji ugruň ykrar edilen öňbaşçysydyr. Ol özakymlaýyn bazar gatnaşyklaryny yslam däpleri bilen utgaşdyrmaga aýgytly synanyşyk etdi. Rafsanjany ýurdy dikeltmek üçin, daşary ýurt maýasyny çekmegiň, tehnologiýalaryny satyn almagyň zerurdygyna düşündi. Ol yslam çäklendirmelerini birneme ýumşadyp, hususy pudak üçin amatly şertleri döretmäge, döwlet pudagynyň bir bölegini hususylaşdyrmaga üns berdi. Rafsanjany bazar gatnaşyklaryna tarap ýoly saýlap aldy. Onuň tarapdarlarynyň işläp düzen özgertmeleri ýurduň ykdysady ösüşini üpjün etdi.

1989-njy ýyldan başlap, ýurt uzakmöhletleýin maksatnamalar boýunça ösdürilip başlandy. Halk hojalygyny ösdürmegiň birinji bäşýyllyk maksatnamasy 1989–1994-nji ýyllary öz içine aldy. Bu döwürde puluň hümmeti durnukly saklandy. Önümçiligiň pese gaçmagynyň öňi alyndy. Rafsanjany hususy pudaga giň erkinlik bermäge çalyşdy. Eger birinji bäşýyllykda jemi içerki önümiň ösüşi 6,5% bolan bolsa, ikinji bäşýyllykda ol 10%-e çenli ýokarlandy. Býujet ýetmezçiligi azaldy. Ýurduň senagat görkezijileri artdy.

*Erkin ykdysady zolaklar* Eýranyň durmuşynda ädilen täze ädim boldy. 90-njy ýyllaryň başynda Pars aýlagyndaky Kiş we Keşm adalarynda şeýle zolaklaryň düýbi tutuldy. Bu sebitler Eýranyň beýleki ýerleri bilen deňeşdirilende, has tiz ösdi. 2013-nji ýylyň iýunyndaky ýagdaýa görä, Eýranda 7 sany erkin ykdysady zolak bardy («Keşm», «Kiş», «Çabahar», «Bender-Enzeli», «Aras», «Arwand», «Maku»). Bulardan başga-da, 16 sany aýratyn ykdysady zolaklar hem bar.

**Muhammet Hatemi.** 1997-nji ýylyň maý aýynda EYR-de 7-nji gezek prezident saýlawlary geçirildi. Saýlawlarda özgertmeleriň tarapdarlary bolan ugruň wekili *Seýit Muhammet Hatemi* ýeňiş gazandy. Hüjet-ül-yslam Seýit Muhammet Hatemi Eýranyň ulamalar guramasynyň özgertmeleriň tarapdarlary bolan toparynyň we prezident Rafsanjanynyň öňe süren dalaşgäridi.



***Seýit Muhammet Hatemi*** *(1943-nji ýylda doglan), dini derejesi boýunça Hüjjet-ül-yslam. Hatemi Yspyhan uniwersitetiniň filosofiýa bölüminiň diplomyny alyp, Yspyhan medresesinde ýokary dini okuwyny dowam etdirdi. Tähran uniwersitetinde filosofiýa ugrundan aspiranturada okady. 1978-nji ýylda Germaniýanyň Gamburg şäherine gidip, ol ýerdäki yslam merkezine ýolbaşçylyk etdi. 1979-njy ýylda yslam ynkylabyndan soň halk wekilligine saýlandy. 1980-nji ýylda Homeýni tarapyndan «Keýhan» metbugat toparynyň başlyklygyna bellenildi. 1982–1983-nji ýyllarda Yslam wagyz-nesihat we medeniýet ministrliginde işledi. Rafsanjany tarapyndan geňeşçilige we Milli kitaphananyň başlygy wezipesine çekildi. 1996-njy ýylda Medeni rewolýusiýanyň ýokary guramasynyň agzalygyna geçirildi. 1997–2005-nji ýyllarda Eýranyň prezidenti boldy.*

Hateminiň döwründe Eýranda özgertmeler dowam etdirildi. 2000–2004-nji ýyllarda jemi milli önümiň ösüşi ýylda ortaça 5,6%-e deň boldy. 2002-nji ýylyň maglumatlaryna görä, Eýranyň jemi milli önümi 111 *mlrd* amerikan dollaryna barabardyr. Onuň 40%-inden gowragyny senagat berýär. Oba hojalygynyň paýy 15%-e golaýdyr. Daşary syýasatda Hatemi «*siwilizasiýalaryň dialogy*» syýasatyny alyp bardy.

**Eýran XXI asyryň başlarynda.** 2005-nji ýylyň prezident saýlawlarynda *Mahmud Ahmadinejad* ýeňiş gazandy.



***Mahmud Ahmadinejad*** *1956-njy ýylda doglan. Tähranyň Ylym we tehnologiýa uniwersitetiniň Ulag inženeri hünärini tamamlaýar. 1980-nji ýyldan meýletin Eýran-Yrak urşuna gatnaşýar. Uruşdan soň döwletde dürli wezipelerde işleýär. 2003-nji ýylda Tähran şäheriniň meri wezipesine saýlanýar. 2005-nji ýylyň saýlawlarynda ýeňiş gazanyp, Eýranyň taryhynda 6-njy prezident bolýar.*

Mahmud Ahmadinejad Eýranyň ykdysady we goranmak kuwwatyny berkitmäge gönükdirilen syýasaty alyp bardy. Özgertmeler döwlet pudagynyň täsirini azaldyp, ýurdy bazar gatnaşyklary bilen ösdürmäge gönükdirilendi. Liberal ykdysadyýete geçmek üçin, döwletiň ozalky subsidiýalarynyň möçberi azaldyldy. Hususylaşdyrmaga üns berildi. Ol bank ulgamyndan başlandy. Ahmadinejad döwlet kärhanalaryny hususylaşdyrmakda «*Adalatlylyk paýnamalaryny*» döretdi. Oňa laýyklykda, hususylaşdyrmakdan gelen girdejileriň bir bölegi raýatlaryň durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrmak üçin mugt bölünip berildi. «Mehr» maksatnamasy boýunça ilatyň az girdejili gatlagy üçin ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy ýaýbaňlandyryldy. Olar 99 ýyl möhlet bilen ýaşamaga ýeňillikli kärendesine berlip başlandy. Diňe şu maksatnamanyň özi 3 *mln* adamy iş bilen üpjün etmäge mümkinçilik berdi. 2010-njy ýylda ykdysady infrastrukturany ösdürmek üçin *Milli ösüş gaznasy* döredildi. 2012-nji ýylyň aprelinde hökümet milli öndürijileri höweslendirmek üçin, 600-den gowrak harytlary Eýrana getirmegi gadagan etdi.

2013-nji ýylda geçirilen saýlawlarda ýeňiş gazanyp, *Hasan Ruhani* Eýranyň prezidenti boldy.



***Hasan Ruhani*** *(1948-nji ýylda doglan), dini derejesi boýunça Hüjjet-ül-yslam. Hukuk ugrundan 1972-nji ýylda Tähran uniwersitetini, soňra Beýik Britaniýanyň Glazgo şäherindäki Kaledon uniwersitetini tamamlaýar. Professor. 1979--njy ýylda Eýran goşunynyň gaýtadan guraýyş işlerine ýolbaşçylyk edýär. 1980–1983-nji ýyllarda EYR-iň telegepleşikleriniň gözegçilik Geňeşiniň agzasy. 1980-1989-njy ýyllarda Eýranyň ýaragly güýçleriniň baş karargähinde esasy wezipeleri eýeleýär. 1980–2000-nji ýyllar aralygynda ýurduň mejlisinde dürli wezipeleri eýeleýär. Prezidentler Rafsanjaniniň we Hateminiň döwründe milli howpsuzlyk boýunça geňeşçi boldy. Saýlaw kampaniýasynda öz maksatnamasyny: «Meniň maksadym – ykdysadyýeti dikeltmek, tertip-düzgüni ýola goýmak we beýleki ýurtlar bilen özara gatnaşyklary dikeltmek bolup durýar» diýip beýan etdi. 2013 we 2017-nji ýyllarda iki gezek Eýranyň prezidentligine saýlandy.*

Hasan Ruhani prezidentliginiň birinji möhletinde özgertmeler syýasatyny dowam etdirdi. Hümmetsizlenmegiň derejesi peseldildi.

Ruhaniniň döwründe Eýranyň ýadro maksatnamasy boýunça gepleşiklerde öňegidişlik gazanyldy. 2015-nji ýylyň 15-nji iýulynda Eýran hem-de bu mesele boýunça «6-lygyň» arasynda (ABŞ, Fransiýa, Beýik Britaniýa, Germaniýa, Hytaý we Russiýa) Eýrana garşy girizilen sanksiýalary ýatyrmagyň öwezine ýadro maksatnamasy boýunça ylalaşyk gazanyldy. Ylalaşyga görä, Eýran MAGATE-niň gözegçilerini ýadro obýektlerine goýbermäge, Günbatar ýurtlary bolsa ädimme-ädim sanksiýalary aýyrmaga söz berdiler.

**Daşary ykdysady aragatnaşyklary.** Eýran nebitiň dünýä gorlarynyň 10%-ine, tebigy gaz gorlarynyň 16%-ine eýedir. Ýurduň çäginde 72 sany nebit (gaz-nebit) ýataklary hem-de 21 sany tebigy gaz ýataklary bar. Marun, Ahwaz, Agadžari, Geçsaran, Bibi-Hekime, Regi-Sefid ýataklarynda 500 *mln* tonna nebit, Kengan, Pars, Pazenan ýataklarynda bolsa, 500 *mlrd* kub metr tebigy gazyň gorlary jemlenendir. Eýran hökümeti öz nebit gorlarynyň azyndan 100 ýyla ýetjekdigini aýdýar. Nebiti eksport etmekde Eýran dünýäde 4-nji ýerde, nebiti eksport ediji döwletleriň guramasynyň agzalarynyň arasynda 2-nji ýerde durýar. 2005-nji ýylda Eýranyň nebit gorlary 132 *mlrd* çemesi barrele[1] barabardygy çak edilýärdi. Eýran bir gije-gündizde 4,2 *mln* barrel nebit gazyp alyp, şonuň 2,7 *mln* barreli eksport edilýär. Eýran Hytaýa iň köp nebit eksport ediji döwletdir. Nebit ýurduň walýuta girdejisiniň 95%-ini üpjün edýär. Eýran 2008-nji ýylda nebitden 83 *mlrd*, 2009-njy ýylda 55 *mlrd* ABŞ dollaryny girdeji aldy. Ýurduň býujetiniň 45%-i nebitden we tebigy gazdan gelýän girdejileriň hasabynadyr. 2012-nji ýylda Eýran bir günde 1,5 *mln* tonna çig nebiti eksport edip, OPEK ýurtlarynyň arasynda bu görkeziji boýunça 2-nji ýerde durýardy. Statistiki çaklamalara görä, Eýran 2015-nji ýylda nebitden we gazdan 250 *mlrd* ABŞ dollary möçberinde girdeji gazanmalydy. Ýöne 2012-nji ýylyň ortasyndan

[1] Barrel — nebitiň halkara ölçeg birligi. 1 barrel 159 litre deňdir.

2016-njy ýylyň başyna çenli eýran nebitine girizilen embargo ýurduň ykdysadyýetine ýaramaz täsir etdi. Eýran 2025-nji ýyla çenli bu strategiki pudaga 500 *mlrd* dollar möçberinde maýa goýumyny goýmagy meýilleşdirýär.

Eýranyň daşary ýurtlar bilen ykdysady gatnaşyklarynda hem nebitiň ähmiýeti ýokarydyr. Daşary ykdysady aragatnaşyklarynda Eýran öz nebitini satyn alýan ýurtlara ýeňillik berýär. Olara satyn alan nebitiniň bahasynyň 50%-ini haryt görnüşinde tölemäge ygtyýar edilýär.

Ýaponiýa EYR-iň esasy söwda hyzmatdaşy bolmagynda galýar. Ol Eýrana polat, awtoulag, dokma önümlerini, stanoklary we enjamlary iberýär. 80-nji ýyllaryň ahyrynda Eýranda daşary ýurtlaryň kömegi bilen gurlan 30 binanyň 16-sy ýaponlaryň paýyna düşýär. Awstraliýa Eýrana oba hojalyk harytlaryny eksport edijidir. Bender-Abbasda ispanlaryň gatnaşmagynda gämi zawody guruldy. Italiýa Kengan–Gazwin aralygyndaky gaz geçirijiniň gurluşygyna gatnaşdy. Russiýa hem Eýranyň esasy hyzmatdaşlarynyň biridir. Asyryň ahyrynda rus hünärmenleri Buşir şäherinde atom elektrostansiýasynyň gurluşygyna gatnaşdylar.

2010-njy ýyldan başlap, Eýran tebigy gazyny dünýä bazaryna giň möçberde satmaga başlady. Bu döwre çenli ol ýylda 290 *mlrd* kubmetr tebigy gaz çykarmagy meýilleşdirdi. Eýran Ermenistana we Türkiýä tebigy gazyny eksport edýär. 2005--nji ýylda Eýran Türkiýä 7 *mlrd* kubmetr gaz satdy. Günorta Pars ýatagyndan Pars aýlagyndaky Kiş adasynda ýerleşen gaz gysyjy zawoda çenli gaz geçirijiniň gurluşygy alnyp barylýar. 2005-nji ýylda Eýran–Ermenistan gaz geçirijisi ulanmaga berildi. Eýran–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisini gurmagyň meselesi ara alnyp maslahatlaşylýar.

Eýran yslam rewolýusiýasyna çenli gurlan IGAT gaz geçiriji ulgamlarynyň dikeldilmegine gyzyklanýar. Ýyllyk geçirijiligi 9,6 *mlrd* kubmetr bolan IGAT-1 gaz geçirijisi 1970-nji ýylda gurlup, Azerbaýjana we Ermenistana tebigy gaz iberýärdi. Kuwwatlylygy 27 *mlrd* kubmetr bolan IGAT-2-niň gurluşygy bolsa tamamlanman galypdy. Häzirki wagtda olaryň ikisi hem täzeden abatlanmagy talap edýär. Ol üstünlikli amala aşyrylan ýagdaýynda, Eýranyň öz tebigy gazyny Ukrainanyň üsti bilen Ýewropa Bileleşigine satmagyna mümkinçilik dörejek.

Eýranyň konstitusiýasyna laýyklykda, milli nebit gazyp alýan kärhanalaryň paýnamalaryny daşary ýurt kompaniýalaryna satmak ýa-da olara nebit gazyp almaga konsessiýa bermek gadagandyr. Bu işler bilen Eýranyň milli nebit kompaniýasy meşgullanýar. Emma geçen asyryň ahyrynda bu düzgüne birneme üýtgetmeler girizildi. Daşary ýurt maýadarlary – Fransiýanyň «Total» we «Elf Aquitaine», Malaýziýanyň «Petronas», Italiýanyň «Eni», Hytaýyň milli nebit kompaniýalary Eýranyň energetika bazarynda işjeň hereket etdiler. Olar kompensasion kontraktyň esasynda gazylan nebitiň bir bölegini almak, şertnamanyň möhleti dolansoň, özleşdiren ýataklaryny Eýrana tabşyrmak şerti bilen bu ýerde işlediler.

Eýran sebitiň energetika diplomatiýasyna öz goşandyny goşýan döwlet. Ol Kawkaz respublikalaryna öz energiýa serişdelerini ibermäge gyzyklanýar. Hazarýa-

ka döwletlerine energetika babatdaky tagallalaryny birleşdirmegi, täze taslamalary durmuşa geçirmegi teklip edýär. Olaryň arasynda 2004-nji ýylda başlanan CROS (Caspian Sea Republic's Oil Swap) taslamasy hem bar. Oňa Eýran, Russiýa, Gazagystan, Türkmenistan gatnaşýar. Oňa laýyklykda, GDA-nyň hazarýaka döwletleri öz nebitini Eýranyň Hazar deňzindäki Neka portuna iberýärler. Şu ýerde ol «swap» geleşigine görä, her kimiň iberen nebiti Pars aýlagyndaky eýran portlaryndan onuň sargytçysyna gowşurylýar. 2016-njy ýylda Eýrana garşy girizilen halkara çäklendirmeleriniň esasy bölegi ýatyryldy. Eýran ýene-de öz nebitini dünýä bazaryna çykaryp satyp başlady.

Eýran sebitde parahatçylygy pugtalandyrmagyň tarapdarydyr. Eýranyň teklibi bilen 1985-nji ýylda sebitara hyzmatdaşlygynyň guramasy bolan EKO-nyň işi gaýtadan ýola goýuldy. Ol Ykdysady Hyzmatdaşlyk guramasy (EKO) we Hazarýaka döwletlerine işjeň hyzmatdaşlygy teklip edýär. Hormatly Prezidentimiz EKO-nyň Tähranda 2009-njy ýylyň martynda geçirilen 10-njy ýubileý sammitine hem-de Goşulmazlyk hereketiniň döwlet we hökümet baştutanlarynyň 2012-nji ýylyň 26–31-nji awgusty aralygynda Tähranda geçirilen XVI sammitine hem gatnaşdy.




*Ykdysady Hyzmatdaşlyk guramasyna agza ýurtlaryň döwlet baştutanlarynyň Tähranda geçirilen 10-njy ýubileý duşuşygy*

**Eýran-türkmen hyzmatdaşlygy.** Eýran Yslam Respublikasy (EYR) bilen Türkmenistanyň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 18-nji fewralynda ýola goýuldy. Eýran-türkmen hyzmatdaşlygy, esasan, söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni ugurlarda alnyp barylýar.

90-njy ýyllaryň ikinji ýarymynda türkmen-eýran hyzmatdaşlygy has-da pugtalandy. 1996-njy ýylyň 13-nji maýynda Tejen–Sarahs–Maşat demir ýoly ulanmaga berildi. «Dobral» ýol gurluşyk kompaniýasy Aşgabat–Arçman aralygyndaky gara ýoluň durkuny täzeledi. 1997-nji ýylyň 29-njy dekabrynda Eýrana tarap Körpeje–Gurtguýy gaz geçirijisi açyldy. Eýran ýylda 7 *mlrd* kub metrden gowrak türkmen gazyny satyn

alyp başlady. Eýranyň gatnaşmagynda Maryda agyz suwy zawody guruldy. Balkanabatdan Eýranyň Alyabat şäherine çenli ýokary kuwwatly elektrik geçirijisi guruldy. Eýran Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodynyň durkuny täzelemäge gatnaşdy. 2000-nji ýylyň dekabrynda Artykdan Eýranyň Lýutfabat obasyna çenli täze gaz geçiriji açyldy. Türkmen-eýran serhedinde «Dostluk» suw bendi guruldy. Eýranyň gatnaşmagynda 2009-njy ýylda Gyýanly şäherçesinde suwuklandyrylan gazy saklamak we ýüklemek boýunça terminal gurlup ulanmaga berildi. Onuň kuwwatlylygy ýylda 200 *müň* tonna suwuklandyrylan gazy ýük göterijiligi 3 *müň* we ondanam köp 60 sany tankere ýüklemäge ýetýär.

1997-nji ýylyň dowamynda iki ýurduň arasyndaky söwda dolanyşygy 150 *mln* dollara barabar bolupdy. Eger-de 2004-nji ýylda EYR-iň Türkmenistan bilen söwda dolanyşygy 600 *mln* amerikan dollary bolan bolsa, 2011-nji ýylyň başynda bu görkeziji iň ýokary derejä çykyp (4 *mlrd* 91 *mln* 709,5 *müň* amerikan dollary), Eýran Türkmenistanyň daşary söwdasynda 1-nji ýere geçdi. 2014-nji ýylda türkmen--eýran söwda dolanyşygy 3,7 *mlrd* amerikan dollaryna deň boldy. 2015-nji ýylyň noýabrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Eýrana resmi sapary mahalynda gol çekilen resminamalar iki döwletiň arasyndaky haryt dolanyşygyny artdyrmaga hem--de söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyny giňeltmäge mümkinçilik berer. Iki döwletiň Baştutanlary 2015–2025-nji ýyllarda – 10 ýylyň dowamynda bu sany 60 *mlrd* amerikan dollaryna çenli ýetirmegi ylalaşdylar. Eýranyň Merkezi Aziýa döwletleri bilen söwda dolanyşygynda Türkmenistanyň paýy has ýokary bolmagynda galýar. 2013--nji ýylda GDA döwletleriniň arasynda-da, beýleki daşary söwda hyzmatdaşlarynyň




*2004–2014-nji ýyllar aralygynda Eýranyň Türkmenistan bilen amala aşyran söwda dolanyşygynyň möçberi (mlrd ABŞ dollary)*




*2004–2013-nji ýyllar aralygynda Eýranyň beýleki ýurtlar bilen amala aşyran söwda dolanyşygynyň möçberleri (mlrd.ABŞ dollary)*

arasynda-da (BAE-ni hasaba almanyňda) EYR-iň söwda dolanyşygynyň iň köp mukdary Türkmenistana degişlidir. 2013-nji ýylda Türkmenistanyň eksportynda Eýran Russiýadan soňra 2-nji, importynda bolsa Türkiýeden, Russiýadan soň 3-nji ýeri eýeledi. 2015-nji ýylyň ahyrynda taraplaryň arasynda özara serhet geçelgelerinden gije-gündiziň dowamynda geçýän awtoulaglaryň sanyny 2 esse artdyrmak, ýagny 1000-e ýetirmek barada ylalaşyk gazanyldy. Türkmenistan goňşy döwlete ýangyç-energetika toplumynyň, himiýa senagatynyň we oba hojalyk önümlerini, dokma pudagynyň harytlaryny we beýleki önümleri iberýär. Eýran bolsa ulag serişdelerini, azyk önümlerini, demir we tehniki enjamlary, elektrik we gurluşyk harytlaryny Türkmenistana eksport edýär.

2007-nji ýylyň 15–16-njy iýunynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Eýrana ilkinji resmi sapary boldy. Türkmenistan Eýrana Türkmenbaşy–Gürgen aralygynda täze demir ýoly gurmak teklibi bilen ýüzlendi. Bu Demirgazyk–Günorta ulag geçelgesiniň möhüm halkasydyr. Ol Russiýanyň, Gazagystanyň, Türkmenistanyň Pars aýlagyna çykmagyna giň mümkinçilik berýär. Saparyň netijesinde ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek hakynda bilelikdäki resminama gol çekildi. 2007-nji ýylyň 14–15-nji awgustynda EYR-iň prezidenti Mahmud Ahmadinejad resmi jogap sapary bilen Türkmenistanda boldy. Saparyň netijesinde iki döwletiň Prezidentleriniň bilelikdäki Beýannamasyna, teleradioýaýlymlar barada hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky Ähtnama, söwda babatdaky hyzmatdaşlyk hakyndaky Ähtnama, iki döwletiň hökümetleriniň arasynda Şirdepe ilatly sebitinde Tejen (Gerirud) derýasynda suw paýlaýjynyň taslamasyny taýýarlamak, ony gurmak babatda hyzmatdaşlyk etmek barada Ylalaşyga, «Dostluk» suw howdany bendiniň ulanylmagyny guramak babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşy-

ga gol çekildi. 2009-njy ýylyň 13-nji fewralynda Türkmenistanyň Prezidentiniň EYR-e resmi sapary boldy. 2010-njy ýylyň başynda Eýrana tarap Döwletabat–Sarahs–Hangeran gaz geçirijisi açyldy. Türkmen «mawy ýangyjynyň» täze «günorta akymynyň» taslama kuwwatlygy tebigy gazyň her ýylda 12,5 *mlrd* kubmetrini ibermäge mümkinçilik berýär. Bu gazyň esasy sarp edijisi Mazanderandaky Neka elektrostansiýasydyr.

2007-nji ýylyň oktýabrynda Hazarýaka döwletleriniň Tähranda geçirilen II Sammitinde Türkmenistanyň, Gazagystanyň we Eýranyň Prezidentleri Gazagystan-Türkmenistan–Eýran demir ýolunyň gurluşygynyň taslamasy barada resminama gol çekdiler. Bu demirýoluň gurluşygy giň gerimde alnyp baryldy. 2014-nji ýylyň 3-nji dekabrynda Gazagystan–Türkmenistan–Eýran demir ýoly ulanmaga berildi. Hasan Ruhaniniň 2015-nji ýylyň martynda Aşgabada saparynyň barşynda geçirilen gepleşiklerde taraplar iki ýurduň arasynda bu demir ýol arkaly ýük daşalyşyny 10 *million* tonna ýetirmek, şeýle hem Oman–Eýran–Türkmenistan–Özbegistan ulag geçelgesini işjeňleşdirmek barada ylalaşyk gazanyldy. 2016-njy ýylyň başynda bu ýoldan Hytaý–Gazagystan–Türkmenistan–Eýran ugry boýunça konteýner otlusynyň synagdan geçirilmegi ýoluň ykdysady bähbidiniň tutuş Ýewraziýa ýklymy üçin uly boljakdygyny çaklamaga esas berýär. Aşgabat–Goçant–Maşat gara ýoly bilelikde guruldy. Aşgabat–Howdan–Bajgiran ýolunda bilelikdäki rejeleýiş işleri geçirildi. Eýran tarapy Aşgabat–Gökdepe gara ýoluny halkara derejesinde gurdy.

Gumanitar ulgamda hem ikitaraplaýyn gatnaşyklar üstünlikli ösdürilýär. Iki ýurduň arasynda ysnyşykly medeni we ylmy gatnaşyklar ýola goýuldy. Çölleri öwrenmek, gumanitar ylymlar iki ýurduň ylmy edaralarynyň hyzmatdaşlygynyň möhüm ugurlarydyr. Garaşsyzlyk ýyllarynda Eýrandan türkmen halkynyň taryhy, medeni mirasy barada maglumatlary jemleýän gymmatly golýazmalaryň, kitaplaryň uly toplumy ýurdumyza getirildi. TYA-nyň Taryh institutynda Eýrany öwrenmek boýunça ylmy barlaglaryň giň toplumy alnyp baryldy. Olar dürli neşirlerde öz beýanyny tapdy.

♦ **Eýran** – ýurduň häzirki Eýran diýen ady (parsça ایران) Awestadaky Airyāna adyndan gaýdýar. Ol **«Ariýleriň ýurdy»** diýmegi aňladýar.

♦ **Ahmet Kawam es-Saltane** (1876–1955) – Eýranyň syýasy we döwlet işgäri. Onuň ata-babalary Gajarlar neberesine gulluk edipdirler. Kakasy tarapyndan ýakyn garyndaşlarynyň üçüsi (Hasan Mostoufi, Ahmad Matin-Daftari we Mohammed Mosaddyk), eje tarapyndan Mirza Ali-Han ed-Döwle hem-de dogan agasy Hasan Wosug premýer-ministr boldular. 1905–1911-nji ýyllaryň rewolýusiýasy döwründe Ahmet Kawam Mozaffareddin şanyň şahsy kätibi bolupdyr. Ol Eýranyň ilkinji Konstitusiýasynyň birinji böleginiň awtorydyr. Özi bäş gezek hökümet baştutany boldy.

♦ **Fazlolla Zahedi** (1897–1963) – Eýranyň döwlet we syýasy işgäri. Ikinji Jahan urşy ýyllarynda faşistler bilen hyzmatdaşlyk edendigi sebäpli 1943-nji ýylda iňlisler tarapyndan tussag edilip, ýurtdan çykaryldy hem-de 3 ýyllap Palestinada, 1947–1949-njy ýyllarda Fransiýada ýaşady. 1949-njy ýylda Eýranyň polisiýasynyň başlygy, 1951-nji ýylda içe-

ri işler ministri boldy. 1953–1955-nji ýyllarda Eýranyň premýer-ministri boldy. Soňra BMG-niň Ýewropa bölüminde Eýranyň hemişelik wekili bolup işledi.

♦ Eýran jemi içerki önümini möçberi boýunça yslam dünýäsinde 2-nji, Günbatar Aziýada Türkiýeden soňra 2-nji ýerde durýar.

♦ **Ormuz bogazy** (parsça – Tangeh-ýe Hormoz) Arap deňziniň Oman aýlagyndan Pars aýlagyna girelge. Bu ýerden günde 15 sany nebit tankeri geçýär. Şol sebäpli Eýran özüne garşy halkara gysyşy görkezilende Ormuz bogazyny ýapmak arkaly dünýä bazaryna gidýän nebiti saklamaga synanyşýar.

♦ Eýrandaky duzly Deşte-Lut çöli Ýer ýüzünde iň gyzgyn ýerdir. Bu ýerde Selsiý boýunça 70,7 gradus yssy hasaba alnandyr.

♦ Eýran dünýäde iň iri pisse, zagpyran, garaly, işbil, el halylaryny öndürýän ýurtdur.

♦ Eýran ÝUNESKO-nyň maglumatlaryna görä, taryhy ýadygärlikleriň sany boýunça Müsürden we Italiýadan soňra dünýäde 3-nji ýerde durýar.

**Aýatolla Homeýniniň pähimleri:**

**♦ Häkimiýet özüni halkyň bir parçasy saýmalydyr.**

**♦ Mertebeler we kemlikler öz köküni mekdepden alyp gaýdýar, abadançylygyň açary hem mugallymlaryň elindedir.**

**♦ Mynasyplar, öz ýeriňizi nälaýyklaryň eýelemegine ýol bermäň.**

**♦ Gazaply akyldaky bilim weýran ediji sowatsyzlykdyr.**

**♦ Halas bolmagyň çeşmesi halkyň özündedir.**

**♦ Biz halallyga we ynsanperwerlige esaslanýan siwilizasiýanyň tarapdary.**

**♦ Akylyň azlygy, akmaklygyň agdyklygy gedemlik döredýär. Işeňňirligiň agdyklygy, aňyň çuňlugy kiçigöwünliligi oýarýar.**

♦ «XIX asyrda Hindistany we oňa barýan deňiz ýollaryny goramak üçin britan interwensiýasy imperator Russiýasyna, goňşy Orta Aziýa ýurtlarynda bolşy ýaly, Eýranyň uly bölegini basyp almagyna mümkinçilik bermedi. 1946-njy ýylda amerikan goşulyşmasy bolmadyk bolanlygynda, Sowet Soýuzy ýurdy böleklere bölmegiň ilkinji ädimi hökmünde Eýranyň Demirgazyk-Günbatar Azerbaýjan welaýatyny eýelejekdi. Sowuk urşuň tutuş dowamynda Eýran Owganystana sowet basyşyna we onuň Ýakyn Gündogara aralaşmagyna garşylyk görkezmäge ýardam berdi. Amerikanyň Eýrana gyzyklanmasy Eýranyň öz hususy garaşsyzlygyny goramak ýoly bilen gabat gelýärdi».

**Çeşme:** *Киссинджер Г.* Нужна ли Америке внешняя политика? – М., 2016. – С.274.

# VII BAP. OWGANYSTAN XX ASYRYŇ II ÝARYMYNDA – XXI ASYRYŇ BAŞLARYNDA



***Owganystan Yslam Respublikasy*** *– Orta Gündogarda ýerleşen döwlet. Serhetdeş ýurtlary: Eýran, Türkmenistan, Özbegistan, Täjigistan, Hytaý, Pakistan. Tutýan meýdany: 647 500 inedördül km (dünýäde 41-nji ýerde). Ilaty 2015-nji ýylyň ilat ýazuwy boýunça: 32,5 mln adam (dünýäde 40-njy ýerde). Paýtagty – Kabul şäheri.*








*Muhammet Zahyr şa*

**Owganystan 50–60-njy ýyllarda.** Owganystanda 1973-nji ýyla çenli monarhiýa düzgüni höküm sürüpdi. 1933–1973-nji ýyllarda ýurtda *Muhammet Zahyr* şalyk etdi (*seret: IV bap, §2*). Ikinji Jahan urşundan soň Owganystan yzagalak agrar ýurt bolmagynda galýardy. 1946-njy ýylda hökümete Zahyr şanyň daýysy *Şah Mahmut* baştutanlyk etdi. Ikinji Jahan urşundan soňra Owganystanda daşary ýurt maýasynyň täsiri artdy. 1946-njy ýylda ABŞ Owganystanyň boýnuna «*Morrison Nadsen*» kompaniýasy bilen ýurduň günortasynda suwaryş desgalaryny we ýollary gurmak baradaky şertnamany dakdy. Kompaniýa gurluşygy bellenen wagtynda – 1949-njy ýylda gurup gutarmady. Netijede, Owganystan ABŞ-a karz sorap ýüz tutmaly boldy. 39,5 *mln* dollar möçberindäki karz örän agyr şert bilen 1949-njy we 1954-nji ýyllarda owgan hökümetine berildi. Emma ol taslamany tamamlamaga ýetmedi.

1953-nji ýylyň sentýabrynda Owganystanda hökümet çalyşdy. Onuň baştutanlygyna korolyň doganoglany *Muhammet Dawut* geçdi. Ol «*dolandyrylýan ykdysadyýet*» şygaryny öňe sürdi. Daşary söwdanyň üstünden döwlet gözegçiligi

güýçlendirildi. Täze banklar, karz beriş kooperatiwleri döredilip, karz ulgamy kämilleşdirildi. 1956-njy ýylda bäşýyllyk meýilnama kabul edildi. Onda energetika, senagata, ulag pudagyna, oba hojalygyna, irrigasiýa, bilime we saglygy goraýşa ünsi güýçlendirmek bellenildi. 1959-njy ýylda aýallaryň hökmany çadra dakynmak düzgüni ýatyryldy. 60-njy ýylda geçirilen özgertmeler oňyn netije berip, jemgyýetçilik durmuşynda patriarhal-feodal gatnaşyklarynyň galyndylarynyň kemelmegine ýardam etdi. Emma tire-taýpa hanlary, musulman ruhanylary özgertmeleriň köpüsini bökdemäge synanyşdylar.

Uruşdan soňky ýyllarda Owganystan daşary syýasatda bitaraplyk ugruny dowam etdi. Ol 1946-njy ýylda BMG-niň agzasy boldy. 50-nji ýyllaryň ortasynda puştun ilatly etraplar meselesinde owgan–pakistan gatnaşyklary ýitileşdi. 1893–1895-nji ýyllarda çekilen *Dýurandyň liniýasy* boýunça puştun taýpalarynyň köpüsi zor bilen Hindistanyň çäklerinde galypdy. 1947-nji ýylda bolsa ol ýerler täze döredilen Pakistan döwletine berlipdi. Owganystan ol ýerleriň ilatynyň öz ykbalyny özi kesgitlemek hukugy ugrunda çykyş etdi. 1955-nji ýylda Pakistan öz serhetlerini owgan harytlarynyň üstaşyr geçirilmegi üçin ýapdy. Şeýle kyn şertlerde Owganystan 1955-nji ýylda öz harytlaryny üstaşyr geçirmek barada SSSR bilen ylalaşdy. Sowet hökümeti öz goňşusyna tehniki we ykdysady kömegi hem berdi. Onuň esasynda ýurtda ençeme senagat kärhanalary guruldy. 60-njy ýyllarda owgan–pakistan gatnaşyklary gaýtadan ýitileşdi. Muňa Pakistanyň puştun ilatly çäklerini SEATO-nyň hereket zolagyna girizmegi sebäp boldy. 1961-nji ýylyň sentýabrynda iki döwletiň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar kesildi.

1963-nji ýylda sagçy oppozisiýanyň gysyşy astynda Dawudyň hökümeti iş başyndan aýryldy. Öň dag işleri we senagat ministri bolan *Muhammet Ýusuf* hökümet baştutany boldy. Onuň ilkinji daşary syýasy ädimi Pakistan bilen gatnaşyklary kadalaşdyrmagy boldy.



*Kabulyň köçeleriniň biriniň görnüşi, 1961-nji ýyl*



*Lukmançylyk fakultetiniň iki sany talyby(sagda) öz mugallymyny diňleýärler, 1962-nji ýyl*

1964-nji ýylyň sentýabrynda *Loýa jirga* ýurduň Konstitusiýasynyň taslamasyny makullady. Oktýabrda korol tarapyndan gol çekilip, güýje girdi. Täze konstitusiýa konstitusion-monarhiýa gurluşyny tassyklap, häkimiýetiň üç şahasy boýunça-da korolyň häkimiýetini berkitdi. Emma korolyň maşgalasyna parlamentde we Ýokary kazyýetde resmi wezipeleri eýelemek gadagan edildi. Korolyň parlamenti dargatmaga hukugy bardy. Raýatlaryň azatlyklary giňeldildi. Ruhanylaryň bilim bermek we kazyýet işi boýunça ygtyýarlyklary döwletiň eline geçdi. Iki palataly parlament döredildi. 1965-nji ýylda ilkinji saýlawlar geçirildi. Oňa ilkinji gezek aýallar hem gatnaşdy. Emma deputatlaryň köpüsiniň öň parahorlykda we korrupsiýada tanalan adamlar bolmagy halk köpçüliginiň nägilelik bildirip, köçä çykmagyna getirdi. Hökümet halk çykyşlaryny güýç ulanyp ýatyrdy. M.Ýusuf öz kürsüsini öňki habar beriş we metbugat ministri *Muhammet Haşym Meýwandwala* tabşyrdy.

1965-nji ýylda metbugat hakynda kanun kabul edildi. 1967-nji ýylda daşary ýurt maýa goýumlary barada täze kanun kabul edildi. 1971–1972-nji ýyllarda bolan gurakçylyk ençeme etraplarda açlygyň bolmagyna eltdi.

60–70-nji ýyllarda ýurduň syýasy durmuşyna işçiler we talyplar goşuldy. 60-njy ýyllaryň ahyrynda «*Şoalen Jawid*» («*Baky ot*») gazetiniň töwereginde Mao Szedunyň garaýyşlarynyň tarapdarlary bolan «*täze demokratlar*» jemlendi. Polisiýa bilen çaknyşykdan soňra 1968-nji ýylyň maýynda olar tussag edildi we gazetleri ýapyldy.

**1973-nji ýylyň döwlet agdarylyşygy. Muhammet Dawut.** Zahyr şanyň doganoglany hem-de giýewsi bolan Muhammet Dawut şanyň Italiýada saparda bolmagyndan peýdalanyp, 1973-nji ýylyň 17-nji iýulyna geçilen gije monarhiýa düzgünini agdardy. Owganystan Respublikasy jar edildi. Muhammet Dawut özüni respublikanyň premýer-ministri we goranmak ministri diýip yglan etdi.



***Muhammet Dawut han** (1909–1978) – Owganystanyň döwlet işgäri, premýer-ministri (1953–1963), döwlet baştutany we premýer-ministr (1973–1977) we prezident (1977–1978), general. Ol Zahyr şanyň doganoglanydyr hem-de onuň giýewsidir. Ilki Kabuldaky «Habibiýa» mekdebinde okaýar. 1922–1930-njy ýyllarda Fransiýada ýaşaýar hem-de harby mekdepde okaýar. Ýurduna gaýdyp gelensoň, Kabulyň harby akademiýasyny tamamlaýar. Urşuň yzysüre Owganystanyň Şweýsariýadaky we Belgiýadaky ýörite wekili bolýar. 1948–1951-nji ýyllarda goranmak ministri. 1963–1973-nji ýyllarda oppozisiýada boldy. «Saur ynkylaby» netijesinde wezipesinden çetleşdirildi we öldürildi.*

1964-nji ýylyň Konstitusiýasy, parlament ýatyryldy. Agrar özgertme geçirilip, iri ýer eýeçiligi çäklendirilenem bolsa, daýhanlaryň bary-ýogy 1%-i ýer böleklerini alyp bildi. Muhammet Dawudyň döwründe ýurduň ady respublika bolsa-da, iş ýüzünde onuň şahsy hökmürowanlygy berkarar edildi. Ol daşary işler ministriniň

wezipesini hem aldy. 1977-nji ýylda Loýa Jirga ony prezident diýip yglan etdi. Täze Konstitusiýa bolsa onuň şahsy häkimligini berkitdi. Muhammet Dawudyň düzgüni 1978-nji ýylyň aprel wakalaryna çenli dowam etdi.

**1978-nji ýylyň aprel wakalary. Nurmuhammet Taraki.** Aprel wakalarynyň baş sebäpkäri *Owganystanyň Halk Demokratik Partiýasy* (OHDP) bolupdy. Bu partiýa *Nurmuhammet Tarakiniň* ýolbaşçylygyndaky *«Halk», Babrak Karmalyň* ýolbaşçylygyndaky *«Parçam» («Baýdak»)* syýasy toparlanyşyklarynyň birleşmegi netijesinde 1965-nji ýylda döräpdi. Häkimlige gelmegine ýakyndan ýardam berenem bolsa, Muhammet Dawut bu partiýanyň agzalaryndan öç almaga başlady. Şeýlelikde, OHDP oppozisiýa geçdi. Ol 10 ýyldan gowrak wagtlap hökümete garşy gozgalaňa taýýarlanypdy. Onuň agzalarynyň esasy bölegi goşundaky ýaş serkerdelerdi.

Owganystanda 1978-nji ýylyň 17-nji aprelinde agzalan partiýanyň ýolbaşçylaryndan biri bolan *Mir Akbar Haýbar* öldürildi. Onuň jaýlanyşyna toplanan märeke syýasy talaplar bilen çykyş etdi. Muhammet Dawudyň hökümeti ol partiýanyň ýene-de onlarça agzasy, şol sanda Nurmuhammet Taraki, Babrak Karmal dagylar hem tussag edildi. Partiýanyň azatlykda galan agzalary 1978-nji ýylyň 27-nji aprelinde Kabulda ýaragly gozgalaňa başladylar. Ýurduň ýolbaşçysy Muhammet Dawut boýun egmän ýogaldy. Häkimiýete Nurmuhammet Tarakiniň ýolbaşçylygyndaky çepçi toparlanyşyk geldi. Aprel wakalary rewolýusiýa diýlip atlandyryldy. Owgan taryhyna bu wakalar «*Saur ynkylaby*» (musulman kalendary boýunça 27-nji aprel 1357-nji ýylyň saur aýynyň 7-sine gabat gelýär).

1978-nji ýylyň aprelinde häkimiýete gelen OHDP gysga wagtda ýurtda sosializm gurmaklygy maksat edindi. Kabulyň halkara aeroportynda «*Sosialistik rewolýusiýanyň täze nusgaly ýurduna hoş geldiňiz!*» diýen ýazgy asyldy. 30-njy aprelde ýurt resmi taýdan *Owganystan Demokratik Respublikasy* (ODR) diýlip yglan edildi. Respublikanyň premýer-ministri we partiýanyň baş sekretary *Nurmuhammet Taraki* boldy. Babrak Karmal onuň kömekçisi boldy. Hafizulla Amin rewolýusion geňeşiň başlygy bellendi.



***Nurmuhammet Taraki** (1917–1979) – Owganystanyň döwlet, jemgyýetçilik işgäri, ýazyjy, žurnalist. 50-nji ýyllarda Owganystanyň ABŞ-daky ilçihanasynda metbugat kätibi bolup işledi. OHDP-niň MK-niň Baş sekretary (1965–1967 we 1977–1979) we onuň «Halk» atly ganatynyň öňbaşçysy. Saur ynkylabyndan soň Rewolýusion geňeşiň başlygy we premýer-ministr boldy (1978–1979). Owganystanda marksistik syýasaty ýöretdi. Halkyň nägileligi artyp, ýurtda raýatara urşy başlandy. 1979-njy ýylyň sentýabrynda wezipesinden çetleşdirildi we näbelli ýagdaýda öldürildi.*

Täze hökümet sosialistik özgertmelere girişdi. Hökümet gündelik zerur harytlara kartoçka düzgünini girizip, olaryň bellibir mukdaryny halka arzan bahadan satmagy ýola goýdy. Obalarda iri mülkdarlaryň, şäherlerde senagat eýeleriniň emläkleri zorluk bilen ellerinden alnyp, döwletiň haýryna geçirildi. Iri ýer eýeleriniň ýerleri

ellerinden alyndy. Döwlet soňabaka orta daýhanyň mülküne hem el urdy. Edil SSSR «baý-kulak» diýip, özüni oňarýan adamlara nähili ezýet beren bolsa, olara Owganystan-da-da «rewolýusion geçirimsizlik» bilen daraldy. Asyrlarboýy dowam edip gelýän däp-dessurlara, edim-gylymlara, dine garşy göreş başlandy. Kommunistik ruhly terbiýe berýän mekdepler açyldy. Bu zatlaryň ählisini ýurduň halky ýigrenç bilen garşy aldy. 1978-nji ýylyň oktýabrynda Nurystan, 1979-njy ýylyň martynda Hyrat, soňra beýleki welaýatlarda, iri şäherlerde täze hökümete garşy ýaragly gozgalaňlar boldy. Owgan halky köpçülikleýin bosgun bolup Eýrana, Pakistana gidip başlady. Käbir maglumatlara görä, 80-nji ýyllaryň ortasynda 3 *mln* owgan raýaty bosgun bolup, goňşy ýurtlara göçdi. Soňabaka bu san 5 *milliona* ýetdi. Bu çäreler dünýä jemgyýetçiligini-de, döwletlerini-de biperwaý galdyrmady. Dünýäniň ünsi Owganystana gönükdi.




*Owgan bosgunlarynyň esasy akymlary, 1979–1990-njy ýyllar*

**SSSR-iň Owganystana goşun girizmegi we onuň halkara gatnaşyklaryna täsiri.** Täze owgan hökümetiniň geçirýän çärelerine garşy Owganystanyň ilatynyň esasy bölegi aýaga galdy. Daşyndan goldaw bolmasa, bu hökümet uzak saklanyp biljek däldi. Ýeri gelende aýtsak, bu döwletiň ýolbaşçylary bolan Taraki bilen *Hafizulla Aminiň* arasynda garşylyklar başlandy. 1979-njy ýylyň sentýabrynda Amin Tarakini öldürip, döwlet baştutanlygyna özi geçdi.



***Hafizulla Amin*** *(1929–1979) – Owganystanyň döwlet, syýasy we partiýa işgäri. Kabul uniwersitetini fizika-matematika ugrundan tamamlansoň, Ibn Sina liseýine ýolbaşçylyk etdi. Bilimini ABŞ-da dowam etdirdi. OHDP-niň MK-niň Syýasy býurosynyň agzasy, Owganystanyň Daşary işler ministri (1978–1979), goranmak ministri, premýer-ministri, OHDP-niň MK-niň Baş sekretary, Rewolýusion geňeşiň başlygy (1979). SSSR-iň Owganystana goşun salmagynyň zerurlygyny ilkinji bolup orta atanlaryň biri.*

Syýasy krizisiň ýitileşen şertlerinde Owganystanyň ýolbaşçylarynyň bir toparlanyşygyny goldap, 1979-njy ýylyň dekabrynda SSSR Owganystana goşun girizdi. Bu goşun ilki 50 *müň* adamdan ybarat bolsa-da, soňra 150 *müňe* çenli köpeldildi. Döwletleriň içerki işlerine başga döwletler goşulyşanda, oňuşmaýan taraplaryň birini goldan bolup gelýärler. Bu hakykat hut Owganystan babatda hem şeýle boldy.

SSSR-e Aminiň alyp barýan syýasaty ýaramaýardy. Sowet goşunlary Ýewropa ýurtlarynyň birinde diplomatik işde gezip ýören Babrak Karmaly getirip, Owganystanyň döwlet ýolbaşçysynyň kürsüsinde dikdi. Amin bolsa sowet esgerleri tarapyndan atylyp öldürildi. SSSR-iň Owganystana goşun salmagy gohy ýetik dünýäniň ýene bir burçunda onlarça ýyla çeken dawanyň tutaşmagyna getirdi. Owganystanda SSSR-iň goldawy bilen häkimiýete Çehoslowakiýada ilçi bolup işleýän *Babrak Karmal* getirildi.



***Babrak Karmal*** *(1929–1996) – Owganystanyň döwlet, syýasy we partiýa işgäri. OHDP-niň esaslandyryjylarynyň biri, onuň «Parçam» («Baýdak») ganatynyň öňbaşçysy. Sowet goşunlarynyň Owganystanda bolan pursadynda OHDP-niň MK-niň Baş sekretary, ODR-iň Rewolýusion geňeşiniň başlygy (döwlet baştutany) (1979–1986), ODR-iň Ministrler geňeşiniň başlygy (1979–1981). Wezipeden aýrylansoň, SSSR-e emigrasiýa gitdi. Ömrüniň ahyryna çenli şol ýerde ýaşady.*

SSSR-iň Owganystana goşun girizmegine garşy dünýä döwletleriniň ählisi diýen ýaly çykyş etdiler. SSSR-i bu hereketinde diňe öz ýaranlary goldady. Halkara gatnaşyklary ýene-de çylşyrymlaşdy. Owganystan meselesi sowet-amerikan gatnaşyklaryny hasam ýitileşdirdi. Owganystan «Sowuk urşuň» gyzgyn ojagyna öwrüldi.



*Owganystanyň Yslam partiýasynyň mojahedleri (1987)*

Owganystanyň içinde sowet goşunlaryna garşy dürli serkerdebaşylaryň ýolbaşçylygynda harby birikmeler döredilip, azat edijilik urşy başlandy. Olaryň köpüsi özlerini *mojahedler* (*din ugrunda göreşiji*) diýip atlandyrdylar. Olar diňe sowet goşunlaryna däl, olaryň dikmeleri bolan Kabul hökümetine garşy hem göreşýärdiler. Ýurtda ençeme ýyla çeken raýatara urşy başlandy.




*SSSR-iň Owganystana goşun salmagy (1979 ý. dekabry)*

1986-njy ýylyň 4-nji maýynda Babrak Karmal resmi maglumatlarda aýdylyşyna görä, saglyk ýagdaýy sebäpli häkimiýetden aýryldy. Onuň ornuna *Najibulla* geçdi.



***Muhammet Najibulla** (1947–1996) – Owganystanyň döwlet işgäri, diplomat. Kabul uniwersitetini ginekolog lukmany hünäri boýunça tamamlady. Saur ynkylabyndan soň ODR-iň Eýrandaky ilçisi bolup az möhlet işledi. Hökümet garşy dildüwşikde aýyplananson̈, Moskwa emigrasiýa gitdi. ODR-iň Rewolýusion geňeşiniň başlygy (1987), OHDP-niň MK-niň Baş sekretary (1986–1992), ODR-iň prezidenti (1987–1992), Döwlet howpsuzlyk gullugynyň başlygy (1980–1986). Owganystandan sowet goşunlarynyň çykarylmagyna garşy boldy. 1992-nji ýylda mojahedleriň Kabuly eýelemegi netijesinde Muhammet Najibulla 4 ýyllap BMG-niň Kabuldaky wekilhanasynda gizlendi. 1996-njy ýylyň 27-nji sentýabrynda Kabuly eýelän talibanlar BMG-niň wekilhanasyna girip, Najibullany we onuň doganyny tutup, wagşylarça gynamalara sezewar edip öldürdiler.*

Najibulla milli ylalaşyk syýasatyny öňe sürdi. Ol boýunça ýaragyny taşlap, parahat durmuşa başlaýan owganlaryň öňki günäleri geçilýärdi. Najibulla din babatdaky döwlet syýasatyny ýumşatdy. Emma bu kem-käsleýin özgertmeler onuň hökümetiniň halk tarapyndan doly goldanylmagyny üpjün edip bilmedi. Ýurtda Najibullanyň hökümetine SSSR-iň dikmesi hökmünde garaýardylar. SSSR öz goşunlaryny çykarsa, Najibullanyň häkimiýetde saklanyp bilmejegi äşgärdi.

1988-nji ýyldan başlap, SSSR öz goşunlaryny Owganystandan çykarmaga girişdi. 1989-njy ýylyň 15-nji fewralynda iň soňky sowet esgeri Owganystandan çykdy.

Owgan urşy türkmen halkynyň hem ýüreginde dagly yz galdyrdy. Birnäçe türkmen ýigitleri hem bu manysyz urşuň pidasy boldular.

**Sowet goşunlary çykarylandan soňra Owganystanda syýasy ýagdaý.** SSSR-iň we beýleki döwletleriň Owganystanyň içerki işlerine gatyşmaklary Owganystanda milletara uruşlarynyň tutaşmagyna getirdi. Şu urşuň dowamynda Owganystanda ýaşaýan halklaryň ählisi diýen ýaly öz ýaragly güýçlerini döretdiler. Olar sowet goşunlary Owganystanda saklanýarka, umumy duşmana – sowet esgerlerine garşy göreşýärdiler. Olary daşardan birnäçe döwletler goldaýardylar. Şol goldaw netijesinde Owganystanda ägirt köp mukdarda ýarag jemlendi. Sowet goşunlary çykandan soňra, olar şol ýaraglary biri-birlerine garşy öwürdiler.

XX asyryň 90-njy ýyllarynda Owganystanda birnäçe harby-syýasy toparlanyşyklar bardy. Owganystanyň Yslam partiýasyna *Gulbeddin Hekmatiýar*, Owganystanyň Yslam jemgyýetine *Burhanuddin Rabbani* bilen birlikde *Ahmet şa Masut,* Owganystany halas etmegiň milli frontuna *Sebgatulla Mojadedi*, Owganystanyň milli yslam hereketine *Abdulraşit Dustum* ýolbaşçylyk edýärdi. Özbek generaly



*Sowet goşunlarynyň Owganystandan çykarylmagy*

Dustum Najibullanyň hökümetini goldan bolsa, soňra merkezi Mazary-Şerif bolan 6 sany demirgazyk welaýaty Kabuldan özbaşdak dolandyrmaga ymtyldy.

Najibullanyň milli ylalaşyk syýasaty garaşylýan netijäni bermedi. Tersine, garşydaşlary Najibullanyň hökümetine garşy göreşi güýçlendirdiler. Najibullanyň ýurduň resmi adyndan «Demokratik» sözüni aýyrmagy-da ýagdaýy kadalaşdyrmady. Mojahedler Kabula garşy harby ýöriş guradylar. 1992-nji ýylyň başynda Masudyň we Dustumyň goşunlary Kabuly eýeläp, Najibullanyň hökümetini agdardylar. Masud goranmak ministri boldy. Ol paýtagtyň etegine goşunlaryny getiren Hekmatiýar bilen gapma-garşylyga girdi. Ýurduň baştutanlygyna *Sebgatulla Mojadedi* geçdi.



***Sebgatulla Mojadedi*** *(1925-nji ýylda Hyratda doglan) – puştunlaryň ruhy öňbaşçysy. 40-njy ýyllarda Müsürde Kairiň al-Azhar uniwersitetinde yslam teologiýasyny öwrenýär. Kabula dolanyp, bu ugurdan bilim berýär. Aminiň dolandyran döwründe maşgalasy repressiýa sezewar edilýär. 1979-njy ýylda Pakistanda Owganystany halas etmegiň milli frontuny esaslandyrýar. 1989–1992-nji ýyllarda mojahedleriň baştutany. 1992-nji ýylyň 28-nji aprelinden – 28-nji iýuny aralygynda Owganystan Yslam döwletiniň prezidenti. 2004-nji ýylda Loýa Jirga baştutanlyk edýär.*

1992-nji ýylyň baharynda BMG Owganystan meselesini düzgünleşdirmek barada meýilnamany işläp taýýarlady. Oňa laýyklykda, ýurduň prezidenti we hökümet iş başyndan aýrylmalydy. Geçiş döwri üçin bitarap hökümet düzülmelidi. Şol ýylyň martynda general Dustumyň serkerdeliginde iri milli-territorial birikmeler hökümeti goldamagyny bes etdi. Olar ýurduň möhüm ähmiýetli demirgazyk welaýatlaryny öz gözegçiligi astyna aldylar. Owgan toparlanyşyklarynyň arasynda agzybirlik bolmansoň, ýurtda gandöküşikli harby çaknyşyklar dowam etdi.

Sebgatulla Mojadedi gysga wagtdan soň ornuny mojahedleriň baştutany *Burhanuddin Rabbanä* berdi.

1994-nji ýylyň ýanwarynda *Gulbeddin Hekmatiýar* general Dustum bilen bilikde Kabuly eýelemek üçin, Ahmet şa Masudyň garşysyna göreşdiler. Paýtagtyň top okuna tutulmagy netijesinde 4 *müňden* gowrak parahat oturan ilat wepat boldy.



***Burhanuddin Rabbani*** *(1940–2011). Badahşanda doglan etniki täjik. Müsürde teologiýadan bilim aldy. 1973-nji ýylyň agdarylyşygyndan soň Peşawara emigrasiýa gitdi. 1979–1989-njy ýyllarda 20 müň adamdan ybarat harby birikmesi bilen şurawi düzgünine garşy göreşdi. 1996–2001-nji ýyllarda Demirgazyk alýansyň öňbaşçylarynyň biri boldy. 1992-nji ýylyň 30-njy dekabryndan – 2001-nji ýylyň 22-nji dekabry aralygynda Owganystanyň prezidenti boldy. 1996-njy ýylda Kabulyň talyplaryň eline geçmeginden soň, hakyky häkimlige eýe bolmady, ýöne dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan Owganystanyň kanuny prezidenti bolmagynda galdy. «Hezb-e jamiýat-e islami» – «Yslam jemgyýeti» partiýasynyň öňbaşçysy bolupdy.*



***Gulbeddin Hekmatiýar*** *(1947 ý. doglan). 1973-nji ýylyň agdarylyşygyndan soň Pakistana emigrasiýa gitdi. 1975-nji ýylda şol ýerde Owganystanyň yslam partiýasyny esaslandyrdy. Şurawi düzgüni döwründe 10 müň adamlyk harby birleşmä baştutanlyk etdi. Rabbaniniň hökümetinde 1993–1994 we 1996 ý. Owganystanyň premýer-ministri boldy. Talibanlar häkimiýete gelensoň, Eýrana emigrasiýa gitdi. 2002 ý. taliban düzgüniniň tarapyna geçýändigini yglan etdi. Eýrandan çykaryldy. ABŞ Hekmatiýary Al-Kaida we talyplar bilen hyzmatdaşlygy üçin halkara terrorçysy diýip yglan etdi. «Owganystan – puştunlar üçin» onuň baş şygarydy. 2016-njy ýylda Owganystanyň häkimiýeti Hekmatiýar bilen ýaraşyk şertnamasyna gol çekdi.*



***Ahmet şa Masut*** *(1953–2001). Panşerde doglan, etniki täjik, owgan serkerdesi, Owganystanyň goranmak ministri. 1973 ý. öwrülişiginden soň Peşawara gidip, Rabbaniniň ýolbaşçylygynda oppozisiýanyň tarapyna goşulýar. 1975 ý. Owganystanyň yslam oppozisiýasynyň Panşerde bolan ýaragly topalaňynda görkezen batyrlygy üçin «Panşer gaplaňy» lakamyny alýar. 1979–1989 ý. owgan urşunyň weterany. Ol mojahedleriň arasynda sowet goşunlary bilen 1982 ý. wagtlaýyn ylalaşan serkerdedir. Burhanuddin Rabbani bilen birlikde Owganystanyň Yslam jemgyýeti partiýasyna ýolbaşçylyk edipdir. Partiýanyň maksady Owganystanyň demirgazygynda puştun däl döwleti döretmekdi. 1989-njy ýylda 2,5 mln täjik ilatly demirgazyk-gündogar Owganystana (Perwan, Tohar, Baglan, Badahşan welaýatlary) hojaýynçylyk edip, bu ýerde öz ady bilen bagly «Masudystan» döwletini döretdi. Öz hökümetini, puluny, goşunyny (60 müň adam) döretdi. 1996 ý. Masudystan Demirgazyk alýansyň düzümine girdi. 9.09.2001 ý. terrorçylar özlerini žurnalist hökmünde görkezip, kameranyň içinde gizlenen bomba bilen Masudy öldürdiler. Dogany Ahmet Ziýa Masut Russiýada, Ahmet Wali Masut Angliýada ilçi boldular.*



***Abdulraşid Dustum*** *(1954 ý.doglan) – Owganystanyň harby we syýasy işgäri, etniki özbek, general. Az wagtlap SSSR-de okaýar. SSSR-iň yzyna eýerýän owgan hökümetinde howpsuzlyk edarasynda işleýär. Owgan urşy döwründe (1979–1989) 53-nji hökümet diwiziýasyna serkerdelik edýär. Owganystanyň iki gezek Gahrymany (1986 we 1988). General Tanaýyň gozgalaňyny basyp ýatyranlaryň biri. ODR-iň dowam eden döwründe Najibullanyň tarapynda mojahedlere garşy göreşse-de, soňra olaryň tarapyna geçýär.*

Abdulraşid Dustum Owganystanyň federal gurluşy ugrunda çykyş edýän *Owganystanyň Yslam hereketi* partiýasyna ýolbaşçylyk edýär. SSSR-iň yzyna eýerýän düzgün synansoň, Balh, Gunduz, Farýab welaýatlarynda paýtagty Mazary-Şerif bolan «*Dustumistan*» hökümetini döretdi. Öz puluny, sowet tanklary we uçarlary bilen gowy ýaraglanan 65 *müň* adamly goşunyny döretdi. Raýatara urşy ýyllarynda dürli harby toparlanyşyklaryň düzümine girýär. Masudyň garşysyna Hekmatiýar bilen birleşdi. Soňra Masud bilen talibanlaryň garşysyna göreşdi. 1996-njy ýylda «Dustumistan» talibanlaryň düzgünine garşy göreşýän Demirgazyk alýansyň düzümine girdi. 1997-nji ýylyň maý–sentýabr aýlarynda häkimlik edýän ýerleriniň aglabasy-

ny talibanlara aldyransoň, wagtlaýyn Türkiýä gidýär. 1998-nji ýylyň awgustynda talibanlar Dustumistany ikinji gezek ele geçirýärler. Bu gezek Dustum Özbegistana emigrasiýa gidýär. 2001-nji ýylda talibanlaryň düzgüni agdarylansoň, Owganystana gaýdyp gelýär hem-de täze hökümetiň düzümine girýär. Dustum 2005-nji ýylda Owganystanyň Ýaragly güýçleriniň Ýokary karargähiniň başlygy bellenýär. 2014--nji ýylyň 29-njy sentýabryndan başlap, Owganystanyň 1-nji wise-prezidenti.

**Talibanlaryň hereketi.** 1994-nji ýylda puştunlaryň arasynda dörän täze bir güýç – medrese talyplary (*talibanlar*) molla Muhammet Omar Ahunzadeniň ýolbaşçylygynda syýasy göreş sahnasyna çykdy. 1996-njy ýylyň sentýabrynda olar Kabuly eýelediler. Talibanlar 90-njy ýyllaryň ikinji ýarymynda Owganystanyň ýüzden togsan böleginde ýaşaýan ilatynyň üstünden öz gözegçiligini ýola goýdular. 1997-nji ýylyň maýynda Mazary-Şerifi we Şybyrgany eýelänem bolsalar, bu ýerlerde saklanmak olara başartmady. Talibanlar halkara derejesinde birinji belgili terrorçy hasaplanan *Usame ben Ladeniň* maddy we harby goldawyny aldylar.



*Molla Muhammet Omar Ahunzadeniň fotorobot suraty*

Talibanlar 1996-njy ýyldan 2001-nji ýylyň güýzüne çenli Owganystanyň esasy bölegini dolandyran döwründe yslam dinine duwlanyp, ýurtda harby düzgüni girizdiler. Talibanlar 1997-nji ýylyň 28-nji oktýabrynda Owganystany emirlik diýip yglan etdiler. *Molla Muhammet Omar Ahunzade* ýurduň emiri diýlip jar edildi. Aýallara we gyzlara erkekler ugratmasa, köçä çykmak gadagandy. Mekdepde okamak gadagan edilipdi. Diňe 2008-nji ýylda talibanlar Pakistanyň demirgazyk-günbatarynda 150-den gowrak mekdebi ýok etdiler. Erkekler hökmany suratda sakal goýbermelidi. Ogrulary şerigatyň kanuny boýunça kazyýete çekip, ellerini kesýärdiler.





*Kabulyň şol bir köçesiniň deňeşdirme görnüşi.*
*Çepde — 1994 ý. noýabry, sagda — 2010 ý.iýuly*

Dünýä jemgyýetçiliginiň garşylygyna garamazdan, talibanlar 2001-nji ýylda Bamiýandaky b.e.VI asyryna degişli bolan Buddanyň heýkelini ýardylar. Medeniýeti ýatladýan zatlar – telefon, radio, fotoapparat dessine ýok edilýärdi. Telewideniýe, saz, kompýuterler, Internet, küşt oýny, ak reňkli aýakgap (ak reňk taliban hereketiniň baýdagynyň reňki) gadagan edildi.



*Bamiýandaky Buddanyň heýkeliniň talyplaryň ýarmagyna çenli we ondan soňky görnüşi*

Talibanlar Owganystany dünýäniň neşe fabrigine öwürdiler. Bu döwürde BMG-niň neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirliginiň (UNODC) maglumatyna görä, Owganystanda neşe plantasiýalarynyň meýdany 193 *müň* gektara barabar bolupdy. Tirýegiň iň köp mukdarda ýygnalan ýyly 1999-njy ýyla gabat gelýär – şol ýyl 4600 tonna tirýek öndürlipdir. Dünýä bazaryna aralaşýan neşe serişdeleriniň 79%-iniň Owganystandan gelýändigini anyklapdyrlar. 2007-nji ýylda owgan narkobaronlarynyň girdejisi 3 *mlrd* dollardan geçdi (ol Owganystanyň resmi JIÖ-niň 10–15%-ine deňdir). 2008-nji ýylda tirýegiň hasyly 30% azaldy. 2006-njy ýylda ýurtda 6100, 2007-nji ýylda 8000 tonna tirýek hasyly ýygnalypdyr. 2008-nji ýylda neşe serişdesini satmakdan talibanlar 470 *mln* dollar girdeji gazanypdyrlar. BMG-niň maglumatlaryna görä, 2009-njy ýylda talibanlar neşe söwdasyndan 150 *mln* dollar girdeji gazanypdyrlar.

1997-nji ýylyň iýunynda Abdulraşit Dustum, Burhanuddin Rabbani, Gulbeddin Hekmatiýar, Ahmet şa Masut talibanlara garşy bileleşik döretdiler. 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda ABŞ-da bolup geçen weýrançylykly wakalardan soň, Usame ben Laden we ony goldan talyplara garşy ABŞ dünýä döwletleriniň birnäçesiniň goldamagynda uruş alyp bardy. 2001-nji ýylyň 7-nji oktýabrynda başlanan bu harby hereket «*Synmajak erkinlik*» adyny aldy. Olara bu uruşda Owganystanyň talibanlara garşy bolan Demirgazyk alýansy ýardam berdi. ABŞ terrorçylyga garşy göreşmek üçin, Owganystana 10 *müň* adamlyk goşun kontingentini girizdi. BMG-niň Howpsuzlyk geňeşiniň karary bilen howpsuzlyga ýardam bermek baradaky halkara güýçleri Kabula girizildi. Ol 18 ýurduň adamlaryndan bolan harby topardyr (IFAS). 2003-nji ýylda BMG-niň Howpsuzlyk geňeşi talibanlary terrorçylykly gurama diýip yglan etdi.




*2015–2016-njy ýyllarda Owganystanda neşe serişdeleriniň öndürilişiniň welaýatlara görä paýlanylyşy*




*Owganystanda göknar ekilen meýdanlaryň möçberi (Çeşme: www.wikipedia.org)*

**Hamid Karzaýyň prezidentligi.** Owgan syýasy öňbaşçylarynyň 2001-nji ýylyň ahyrynda Bonnda bolan maslahatynda Hamid Karzaý Owganystanyň geçiş hökümeti-niň baştutanlygyna bellenýär. 2002-nji ýylyň ortasynda Loýa Jirga ony ýurduň prezi-

dentligine saýlady. 2004-nji ýylyň başynda kanun çykaryjy Loýa Jirgada Owganystanyň Esasy kanuny kabul edildi. Ýurtda prezident dolandyryşy girizildi. 2004-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda prezident saýlawlary geçirilip, Hamid Karzaý ýurduň prezidentligine saýlanýar. Onuň asuda geçmegi üçin halkara terrorçylyga garşy 18 *müň* adamlyk harby birikme, NATO-nyň Owganystanda parahatçylygy üpjün etmek boýunça 9 *müň* meýletinçisi, owgan milli goşunynyň 17 *müň* esgeri, 28 *müň* poliseý tagalla etdi. Şol ýylyň oktýabrynda ýurduň prezidenti *Hamid Karzaý* täze hökümeti düzdi. 2005-nji ýylyň güýzünde ýurduň parlamentine saýlawlar geçirildi.



***Hamid Karzaý*** *1955-nji ýylda Kandagarda doguldy. Ilki Kabulda okady. Sowet goşunlary Owganystana girensoň, olaryň maşgalasy Pakistanyň Kwetta şäherine göçýär. Hindistanyň Simla şäherindäki Himaçal uniwersitetinde syýasaty öwreniş ugruny tamamlady. B.Rabbaniniň hökümetinde daşary işler ministri boldy. 2004–2014-nji ýyllarda Owganystanyň prezidenti.*

Owganystanda ýerleşdirilen ABŞ-nyň we NATO-nyň ýaragly güýçleri talibanlara garşy göreşde hökümetiň esasy daýanjyna öwrüldi.

Tas 30 ýylyň dowamyndaky uruşlaryň netijesinde Owganystan ykdysady taýdan pese gaçdy. Hamid Karzaýyň ýolbaşçylygynda ýurtda dikeldiş işleri alnyp barylýar. Owganystanda 2018-nji ýyla çenli syýasy asudalygy gazanmak başartmady, käbir etraplarda talibanlaryň ýaragly garşylyk görkezmegi dowam etdi. Talibanlar entek hem ýurduň günortasynda – Kandagar, Gilmend, Zabol, Uruzgan, Nangarhar etraplarynda işjeňlik görkezýärler. Talibanlar Owganystanyň bellibir böleginde öz gözegçiligini saklap galýar. Weziristan olaryň esasy daýanjy bolup durýar. 2014--nji ýylyň maglumatyna görä, 52–60 *müň* töweregi doly taýýarlykly urşujylary bar. Sebitde we tutuş dünýäde halkara howpsuzlygyna zyýan ýetirýärler. Olar dünýäniň dürli künjeklerinde terrorçylykly hereketlerini dowam etdirýärler.

2007-nji ýylda Pakistanda 740 *müň*, Eýranda 600 *müň* owgan bosguny ýaşaýardy. ABŞ-nyň we NATO-nyň parahatçylygy dikeltmek boýunça geçiren işleriniň netijesinde Eýrandan we Pakistandan owgan bosgunlarynyň 5,7 *milliony* watanyna dolanyp geldi. 2015-nji ýylyň başynda Owganystandan terrorçylyga garşy halkara güýçleriniň aglaba böleginiň çykarylmagyndan soňra, bu ýerde Yragyň we Siriýanyň yslam döwletiniň (arapça adyndan gysgaltma – DAIŞ) terrorçylary öz işjeňligini artdyrdy.

Uzak ýyllara çeken uruşlar Owganystany daşary döwletleriň kömegine mätäç garyp ýurda öwürdi. Ol ilatynyň jan başyna düşýän girdejisi boýunça dünýäde 219--njy ýerde durýar. Ýurtda tebigy gazyň, nebitiň, misiň, gymmatly metallaryň gorunyň ýeterlikdigine garamazdan, olary senagat taýdan işläp bejermäge infrastruktura ýok. Owganystanyň döwlet we ykdysady taýdan galkynmagyna ýardam bermek barada




*2015 ý.ýagdaýa görä: Owganystanyň Ýaragly güýçleriniň (gülgüne reňkde), talibanlaryň (ak reňkde), DAIŞ-iň (gara reňkde) gözegçilik edýän çäkleri*

2002-nji ýylyň ýanwarynda Tokioda bolan halkara maslahatynda 4,5 *mlrd* dollar kömek puluny goýbermek bellenildi. Hytaý owgan hökümetine bu ýurtda öň HHR-iň gatnaşmagynda gurlan desgalaryň gaýtadan dikeldilmegine ýardam bermek üçin 150 *mln* dollar serişde goýberdi. 2002-nji ýylda BMG we hökümete degişli däl guramalar tarapyndan Owganystana 2 *mlrd* dollar kömek berildi. 2005-nji ýylda ABŞ we Owganystan uzak döwre niýetlenen hyzmatdaşlyk hakda strategik ylalaşyga gol çekdiler. Halkara bileleşigi Owganystanda ýagdaýy kadalaşdyrmak üçin, birnäçe milliard dollar kömek berdi. Aziýa ösüş bankynyň krediti boýunça Gunduz, Puli-Humri, Şerhan-Bandar, Kabul aralygyna elektrik geçirijisi geçirilýär.

2004-nji ýylyň martynda ABŞ-nyň, Ýaponiýanyň, Koreýanyň gatnaşmagynda Kabul–Kandagar aralygyndaky awtotrassanyň düýpli abatlanmagy tamamlandy. Kabul–Bamian aralygyndaky ýoluň gurluşygyny Italiýa maliýeleşdirdi. 2003-nji ýylyň tomsunda Eýranyň, Owganystanyň, Özbegistanyň ýolbaşçylary Eýrandan Owganystanyň üsti bilen Özbegistana çenli demir ýoly gurmak barada ylalaşyga gol çekdiler. Onuň Owganystanyň Hyrat, Badhyz, Farýab, Jowuzjan welaýatlarynyň üstünden geçmegi göz öňünde tutulypdy. 2006-njy ýylda Owganystana 1 *mlrd* ABŞ-nyň dollary möçberinde daşary ýurt maýa goýumlary goýuldy.

**Mohammed Aşraf Ganiniň prezidentligi.** 2014-nji ýylyň 5-nji aprelinde Owganystanyň taryhynda 2-nji prezidentiň saýlawlary boldy. Onda dalaşgärleriň hiç biri zerur sesleri toplap ýeňiji bolmady. 2014-nji ýylyň 10-njy awgustynda saýlawlaryň ikinji tapgyry geçirildi. Onda öň Owganystanyň maliýe ministri bolan *Mohammed Aşraf Gani* sesleriň 56,44%-ini alyp, ýeňiş gazandy we OwganystanYslam Respublikasynyň ikinji prezidenti boldy.



***Mohammed Aşraf Gani*** *– 1949-njy ýylda Logar welaýatynda dünýä inýär. Onuň asly ahmadzaý atly puştun taýpasyndan. Ol ilki Kabulda «Habibiýa» atly liseýi, soňra 1973--nji ýylda Liwanda Amerikan uniwersitetiniň antropologiýa hünäri boýunça tamamlaýar. 1977-nji ýylda bu ugurdan magistr we doktorlyk derejesini almak üçin ABŞ-da Kolumbiýa uniwersitetine okuwa girýär. 1983–1991-nji ýyllarda ABŞ-nyň Kaliforniýa we J.Hopkins uniwersitetlerinde mugallym bolup işleýär. 1991–2001-nji ýyllarda Bütindünýä bankynda işleýär. 2001-nji ýylda Hamit Karzaýyň wagtlaýyn hökümetine uly maslahatçy wezipesine çagyrylýar. 2002–2004-nji ýyllarda H. Karzaýyň hökümetinde maliýe ministri bolup işleýär. 2004-nji ýylda Kabul döwlet uniwersitetiniň rektorlygyna bellenildi. 2006-njy ýylda onuň kandidaturasy BMG-niň Baş sekretarlygyna dalaşgärlige hödürlenýär. 2014-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda Owganystanyň prezidenti bolýar.*

Owganystanyň ilatynyň 80%-i oba hojalygynda, 10%-i senagatda işleýär. Tiryek, däne, miweler, hoz, ýüň, deri – esasy oba hojalyk harytlarydyr. Geýim, sabyn, aýakgap, dökün, sement, haly, gaz, kömür, mis senagat harytlarydyr. Esasy alyjylary (2008ý) – Hindistan 21,1 %, Pakistan 20,1 %, ABŞ 18,8 %, Niderlandlar 7,9 %, Täjigistan 6,7 %. Importy – 4,85 *mlrd* dollar (2007ý): senagat harytlary, nebit we nebit önümleri, dokma, azyk önümleri. Esasy haryt iberiji ýurtlar (2008 ý.) – Pakistan 35,8 %, ABŞ 9,2 %, Germaniýa 7,5 %, Hindistan 4,8 %.

**Türkmenistanyň Owganystana ýardamy.** Türkmenistan goňşymyz Owganystan döwletindäki harby dawalara goşulmady. Aşgabatda birnäçe gezek owgan taraplarynyň arasynda gepleşikler geçirildi. Owgan halkyna ynsanperwer kömeginiň berilmeginde Türkmenistan özüniň hyzmatyny gaýgyrmady. BMG-niň Owganystanyň halkyna kömek üçin iberen ýükleri Türkmenistanyň üstünden geçirilip, ol döwlete ýetirildi.

**«Biz Owganystany parahat we gülläp ösýän ýurt, sebitiň ähli döwletleriniň hoşniýetli goňşusy we hyzmatdaşy hökmünde görmek isleýäris»** diýip belleýän hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Owganystandaky ýagdaýy syýasy taýdan düzgünleşdirmek meselesini diňe parahatçylykly, diplomatiki ýollar bilen çözmekligiň öz netijesini berjekdigini nygtaýar.

Owganystandaky ýagdaýy kadalaşdyrmakda BMG-niň edýän işleriniň ähmiýeti uly bolmalydyr. Hut şonuň üçin-de BMG-niň Baş Sekretary Antoniu Guterreşiň 2017-nji ýylyň 13-nji iýunynda Aşgabada sapary mahalynda geçirilen gepleşiklerde hormatly Prezidentimiz: **«Owgan halkyna ýaraşyga gelmek we ylalaşyk**

**gazanmak üçin hakyky ýardam bermek zerurdyr. Oňa diňe parahatçylykly ýol bilen, gepleşikler arkaly ýetip bolar. Bu meseläniň başgaça çözgüdi ýokdur»** diýip aýtdy.

Türkmen Lideri BMG-niň Baş Assambleýasynyň soňky 10 ýylyň dowamyndaky mejlisleriniň ençemesinde goňşy owgan döwletinde syýasy-ykdysady durnuklylygy gazanmaklyga gönükdirilen Türkmenistanyň anyk ýardamlaryny öz içine alýan anyk teklipleriň ençemesini berdi.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 65-nji sessiýasynda Owganystan meselesi bilen bagly şu anyk teklipleri öňe sürdi:

*birinjiden*, BMG-niň howandarlygynda Owganystandaky özara ynanyşmak ýagdaýyny pugtalandyrmak we döwlet häkimiýetiniň netijeli institutlaryny ösdürmek boýunça ýokary derejedäki halkara duşuşygyny Aşgabatda geçirmek;

*ikinjiden*, Türkmenistanda owgan hünärmenlerini taýýarlamak;

*üçünjiden*, Türkmenistandan Owganystana demir ýoly gurmak, geljekde ony Owganystanyň çägi boýunça dowam etdirmek;

*dördünjiden*, Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygyna gönükdirilen tagallalaryň has işjeňleşdirilmegi;

*bäşinjiden*, Türkmenistandan Owganystana iberilýän elektrik energiýasynyň möçberini artdyrmak. Olaryň ählisi babatda hem Türkmenistan eýýäm anyk işleriň ençemesini durmuşa geçirdi.

Türkmenistanyň hökümet wekiliýeti Owganystan meselesi boýunça 2008-nji ýylyň iýunynda Parižde, 2010-njy ýylda Londonda we Kabulda, 2011-nji ýylyň dekabrynda Bonnda geçirilen halkara maslahatlaryna gatnaşdy. Şol maslahatlarda biziň döwletimiz birnäçe esaslandyrylan teklipler bilen çykyş etdi. London maslahatynda BMG-niň bu ýurda berilýän halkara ykdysady we maliýe goldawyny artdyrmaga degişli kabul eden çözgüdini goldamak bilen, Türkmenistan Owganystany dikeltmek boýunça BMG-niň howandarlygynda uzak möhletli maksatnamany taýýarlamak hakyndaky teklip bilen çykyş etdi. Şeýle maksatnama, ilkinji nobatda, ulag-kommunikasiýa ulgamyny we köp pudakly senagaty döretmek, elektrik ulgamlaryny geçirmek, mekdepleri, hassahanalary we beýleki durmuş maksatly desgalary gurmak boýunça taslamalary öz içine almalydyr – diýip hormatly Prezidentimiz nygtady.

Türkmenistan Owganystanyň gönüden-göni goňşulary bolan ýurtlar (olar şertli «*Aziýanyň ýüregi*» diýlip hem atlandyrylýar) tarapyndan 2011-nji ýylyň noýabrynda Daşary işler ministrleriniň derejesinde ýola goýlan *Stambul prosesine* hem işjeň gatnaşýar. ABŞ we 20-den gowrak döwlet, şeýle hem halkara guramalary bu prosesi goldaýar. Bu başlangyjyň esasy maksady sebitara infrastrukturany, bilimi, ykdysadyýet, maýa goýum mümkinçilikleri, terrorçylyga, neşe söwdasyna we tebigy betbagtçylyklara garşy göreş meselesinde ynamy berkitmeklige gönükdirilendir. Onuň maslahatlary 2012-nji ýylda Kabulda, 2013-nji ýylda Almatyda geçirildi.

2012-nji ýylyň aprelinde 23 döwletiň wekilleriniň hem-de halkara guramalarynyň ençemesiniň wekilleriniň gatnaşmagynda Aşgabatda Kabul maslahatyna taýýarlyk görmek barada duşuşyk geçirilipdi. 2014-nji ýylyň oktýabrynda türkmen wekiliýeti Owganystan boýunça Stambul prosesiniň DIM-leriň derejesinde Pekinde geçirilen 4-nji duşuşygyna gatnaşdy. Onuň barşynda Türkmenistan owganara düzgünleşdirmesinde özüniň syýasy giňişligini bermäge taýýardygy barada ozal aýdylan tekliplerini ýene-de tassyklady. Pekin Jarnamasynda 6 sany iri ugur boýunça 64 sany ileri tutulýan taslamalary durmuşa geçirmeklik bellenildi.

2017-nji ýylyň 14–15-nji noýabrynda Aşgabatda Owganystan boýunça sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlygyň 7-nji Konferensiýasy (RECCA VII) geçirildi. Onda Owganystanyň, Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň, Gruziýanyň, Türkiýäniň arasynda üstaşyr we ulag hyzmatdaşlygy hakynda Ylalaşyga (Lapis Lazuli ugry boýunça ylalaşyk) gol çekildi. 2005-nji ýylda Kabulda öňe sürlen Owganystan boýunça sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlygyň Konferensiýasy sebitdäki ýurtlaryň Owganystandaky ýagdaýy durnuklaşdyrmak, Günorta we Merkezi Aziýanyň sebitleýin ykdysady integrasiýalaşmak boýunça tagallalaryny jebisleşdirmäge çagyrýar.

Türkmenistan halkara düzümleriniň, hususan-da, BMG-niň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysadyýeti boýunça 1998-nji ýylda döredilen ýörite maksatnamasynyň (SPECA) çäklerinde Owganystandaky ýagdaýy kadalaşdyrmak işlerine işjeň gatnaşýar. Onuň birnäçe mejlisleri Aşgabatda geçirildi. Hormatly Prezidentimiz NATO-nyň, ECO-nyň, ÝHHG-niň, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sammitlerinde hem owgan meselesiniň çözgüdine Türkmenistanyň garaýşyny yzygider aýdyňlaşdyrýar.

Türkmen halkynyň «Müň içitden – bir geçit» diýen pähimine eýerip, hormatly Prezidentimiz Owganystana goňşuçylyk köprülerini çekýär. 2007-nji ýylyň iýunynda Türkmenistanyň serişdeleriniň hasabyna türkmen hünärmenleri Serhetabat–Turgundy demir ýolunda umumy bahasy 550 *müň* amerikan dollaryna deň bolan düýpli täzeleýiş işlerini geçirdiler. Hormatly Prezidentimiz ulag infrastrukturasyny ösdürmekde Türkmenistanyň Owganystana ýardam bermegi möhüm wezipe hasaplaýandygyny BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji sessiýasynda nygtapdy. Bu başlangyjy durmuşa geçirmek bilen, 2011-nji ýylda Türkmenistandan Owganystana çenli demir ýol çekmek barada karar kabul edildi. 2013-nji ýylyň 5-nji iýunynda Türkmenistan – Owganystan – Täjigistan polat ýolunyň düýbüni tutmak dabarasy boldy. 2016-njy ýylyň 28-nji noýabrynda bolsa agzalan Kerki–Ymamnazar–Akina–Andhoý aralygy dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berildi. Ýoluň 88 kilometrlik ugrunda uzynlygy 256 we 363 metrlik bolan iki sany köpri guruldy. Aziýa halkara demir ýol geçelgesiniň möhüm bölegi boljak bu demir ýoluň diňe bir Owganystanyň däl, eýsem, tutuş sebitiň durmuş-ykdysady taýdan ösüşinde möhüm orun eýeleýändigi düşnükli. Milli Liderimiziň teklibi boýunça 2014-nji ýylyň 3–4-nji sentýabrynda Aşgabatda geçirilen «Halkara hyzmatdaşlygyny we durnukly ösüşi üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň tutýan orny» atly ýokary derejeli

halkara maslahatynyň barşynda Owganystan – Türkmenistan – Azerbaýjan –Gruziýa ulag geçelgesini döretmek boýunça dörttaraplaýyn duşuşyk geçirildi. Owganystanyň prezidenti Mohammad Aşraf Ganiniň 2017-nji ýylyň 3-nji iýulynda Aşgabada resmi saparynyň barşynda gol çekilen Halkara awtomobil gatnawlary hakynda hem-de türkmen-owgan döwlet serhedinde halkara demir ýol geçiriş ýeri hakynda Hökümetara Ylalaşyklary; Türkmen-owgan döwlet serhedinden Ymamnazar–Akina stansiýalarynyň arasynda demir ýol gatnawyny guramagyň Kadalary iki döwletiň arasyndaky dost-doganlyk köprüleriniň barha berkeýändiginiň subutnamasydyr.

Energiýa serişdelerine ýiti mätäçlik çekýän Owganystana Türkmenistan çärýek asyrdan hem gowrak wagt bäri dünýä bazaryndaky bahadan arzan elýeter nyrhlar boýunça elektrik energiýasyny iberýär. Emele gelen maliýe-ykdysady kynçylyklary göz öňünde tutulyp, bu boýunça emele gelen bergiler hökümetimiz tarapyndan ençeme gezek geçildi. Baryp 2007-nji ýylda hormatly Prezidentimiziň Kararyna laýyklykda, Owganystanyň ABŞ-nyň 4 *million* dollaryna golaý bergisi geçildi. Şeýle hem ABŞ-nyň 300 *müňden* gowrak dollaryna barabar möçberde elektrik energiýasy mugt iberildi. Bu goňşuçylyk gatnaşyklarynda ynsanperwerlikden nyşandyr.

Türkmenistan Owganystanyň demirgazyk welaýatlaryna elektrik geçirijisini gurup berdi. Indi ençeme ýyl bäri şol elektrik geçirijisi boýunça Owganystanyň halky ýeňillikli şertlerde elektrik energiýasyny satyn alýar. Türkmen elektroenergiýasy goňşy döwlete Serhetabat–Hyrat hem-de Mary DES–Andhoý–Şybyrgan ugurlary boýunça iberilýär. 2016-njy ýylyň iýun aýyndan bäri Serhetabat – Hyrat – Turgundy ugry boýunça iberilýän elektrik energiýasynyň möçberi 200 *million* kWt/sagat bolandan 400 *million* kWt/sagada çenli artdyryldy. Geljekde-de Owganystana iberilýän elektrik energiýasynyň mukdaryny artdyrmak göz öňünde tutulýar. Muňa ýurdumyzyň Lebap we Mary welaýatlarynda gurlan täze energiýa kuwwatlyklary birikdirmek netijesinde goşmaça mümkinçilikler dörär.

2017-nji ýylyň 3-nji iýulynda paýtagtymyzda Mohammad Aşraf Ganiniň Türkmenistana resmi saparynyň barşynda türkmen Lideri Türkmenistandan elektrik energiýasynyň diňe Owganystana däl-de, eýsem, onuň çákleriniň üsti bilen sebitiň beýleki döwletlerine hem iberilip bilinjekdigini belledi. Owganystanyň Badhyz we Jowuzjan welaýatlaryna türkmen elektrik energiýasyny ibermek boýunça hyzmatdaşlyk etmek barada pudagara Ylalaşyga gol çekildi. Türkmenistan – Owganystan – Pakistan hem-de Türkmenistan – Özbegistan – Täjigistan – Owganystan – Pakistan taslamalary hyzmatdaşlyk etmegiň geljegi uly bolan ugurlary bolup durýar. Bu taslamalar Merkezi we Günorta Aziýa ýurtlarynyň elektrik geçiriji ulgamlaryny birleşdirmegi göz öňünde tutýar.

Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisi (TOPH) taslamasynyň durmuşa geçirilmegine Owganystan örän gyzyklanýar. Taslama boýunça gaz geçirijiniň umumy uzynlygy 1814 kilometr bolup, onuň 214 kilometri Türkmenistanyň, 774 kilometri Owganystanyň, 826 kilometri Pakistanyň çäklerinden ge-

çip, Hindistan bilen araçäkdäki Fazilka ilatly ýere barar. Gaz geçiriji Owganystanyň Hyrat we Kandagar şäherleriniň üsti bilen, Pakistanyň Kwetta we Multan şäherleriniň çäklerinden geçer. Gaz geçirijiniň ýyllyk kuwwaty 33 *milliard* kub metre barabar bolar. Turba geçiriji boýunça günde 90 *million* kub metr tebigy gazyň akdyrylmagyna garaşylyp, onuň 14 millionyny Owganystan alar, Pakistan we Hindistan bolsa hersi günde 38 *million* türkmen gazyny alar. Täze gaz geçirijiniň ýyllyk kuwwaty 33 *milliard* kub metre barabar bolar. Bu halkara gaz geçirijisi we onuň ýerüsti kömekçi ulgamlary 2019-njy ýylyň dekabr aýynda ulanmaga doly taýýar edilip tabşyrylar. Taslamanyň bahasy – 4 *mlrd* ABŞ dollary möçberinde bolar. Käbir maglumatlara görä, taslamanyň başlangyç tapgyrynda Owganystanda 12 *müň* iş ýeri döräp, ýurt ýylda 400 *mln* ABŞ-nyň dollary möçberde girdeji alyp biler. 2015-nji ýylyň 13-nji dekabrynda Mary welaýatynda TOPH gaz geçirijisiniň gurluşygynyň başlanmagy mynasybetli degişli ýurtlaryň döwlet baştutanlarynyň gatnaşmagynda uly dabara boldy. Dört ýurduň döwlet ýolbaşçylary ýörite düwmäni basyp, sebit ähmiýetli gaz geçirijisiniň gurluşygynyň başlanmagyna ak pata berdiler. 2018-nji ýylyň 23-nji fewralynda Türkmenistanyň Mary welaýatynyň Serhetabat etrabynda hem-de Owganystanyň Hyrat şäherinde TOPH gaz geçirijisiniň owgan bölegine badalga berildi. Şol gün Türkmenistan–Owganystan–Pakistan elektrik geçirijisiniň hem-de şol ugur boýunça optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamynyň gurluşygyna hem girişildi.



*Mohammad Aşraf Ganiniň Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bilen duşuşygy (2017 ý. 3-nji iýuly)*

Türkmenistan Owganystana yzygider ynsanperwer ýardamlary berip gelýär. 2007–2008-nji ýyllaryň aňzakly gelen gyşynda Türkmenistandan Owganystana gumanitar kömek hökmünde 2 *million* amerikan dollary möçberinde 1000 tonna un, 6 tonna ösümlik ýagy, 500 tonna dizel ýangyjy, 8 *müň* sany birlaý gyş geýimleri, şeýle hem okuw we mekdep esbaplary berildi. Goňşy döwlete berilýän ynsanperwer kömek soňky ýyllarda-da yzygiderli dowam etdirilýär. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen Owganystanyň Farýap welaýatynyň Garamgol etrabynda saglyk öýi we beýleki sosial desgalar bina edildi. 2016-njy ýylyň 5-nji iýunynda Hyrat welaýa-

tynyň Turgundy şäherçesinde hormatly Prezidentimiziň başlangyjy boýunça gurlan çaga dogrulýan öýi ulanylmaga berildi. 2004-nji ýyldan bäri hökümetara ylalaşyklaryna laýyklykda, owgan ýaşlaryna Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde talyp ýerleri berilýär. Türkmenistanda owgan ýaşlary mugallymçylyk, oba hojalygy, nebit-gaz, energetika pudaklary, lukmançylyk ugurlary boýunça bilim alýarlar. Goňşy ýurda iberilýän ynsanperwer ýükleriň arasynda mekdep mebelleri hem bar. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen Balh welaýatynyň Şordepe etrabynyň Hazar-tokaý obasynda 400 orunlyk mekdep ulanmaga berildi.

♦ **Loýa Jirga** – Owganystanda ýaşaýan ähli halklaryň, taýpalaryň we toparlanyşyklaryň öňbaşçylarynyň girýän Ýokary geňeşi.

♦ **Dýurandyň liniýasy** – 1893–1895-nji ýyllarda owgan wekilleriniň gatnaşmazlygynda diýen ýaly owgan-hindi demarkasiýa liniýasy geçirildi. Ol lord Dýurdandyň ady boýunça *Dýurandyň liniýasy* adyny aldy. Oňa laýyklykda, puştun taýpalarynyň köpüsi zor bilen Hindistanyň çäklerinde galypdy. 1947-nji ýylda bolsa ol ýerler täze döredilen Pakistan döwletine berlipdi. Owganystan ol ýerleriň ilatynyň öz ykbalyny özi kesgitlemek hukugy ugrunda çykyş etdi. Bu onuň Pakistan bilen gatnaşyklaryny ýitileşdirdi. 1961-nji ýylyň sentýabrynda Pakistanda owgan konsullyk edaralarynyň we söwda agentlikleriniň ýapylmagy netijesinde iki döwletiň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar kesildi. 1963-nji ýylda Tähranda Eýran şasynyň araçyllygynda geçirilen resmi gepleşikleriň netijesinde diplomatik gatnaşyklaryň we söwda--ykdysady aragatnaşyklaryň dikeldilýändigi barada ylalaşyga gol çekildi.

♦ **Zahyr şa** 1973-nji ýylyň awgust aýynda tagtdan el çekip, ýurtda talyplar düzgüni agdarylýança Italiýada ýaşamaga mejbur boldy. Karzaýyň häkimiýete gelmegi bilen, watanyna dolandy. Zahyr şa 2007-nji ýylyň 23-nji iýulynda Kabulda aradan çykdy.

♦ Birleşen Milletler Guramasynyň adam hukuklary baradaky komissiýasynyň 1985-nji ýylyň 20-nji noýabrynda Owganystan boýunça taýýarlan hasabatyndan: 1985-nji ýylyň ýanwar–sentýabr aýlarynyň aralygynda sowet goşunlary 32 *müň* 755 adamy öldüripdirler, 74 obany, 1834 öýi weýran edipdirler. Uruş netijesinde Owganystanyň halkynyň 5 *milliondan* gowragy daşary ýurtlarda bosgun bolup, ýat illerde mysapyrlyk çekmäge mejbur boldy.

♦ Resmi sowet maglumatlaryna görä, Owganystanda 10 ýylyň dowamynda 620 *müň* sowet harby gullukçysy gullugy geçdi. Şondan 14453 adam wepat boldy. Urşuň her ýyly SSSR-e 4 *mlrd* ABŞ dollaryna düşýärdi.

♦ SSSR owgan urşunyň 10 ýylynda ortaça 40 *mlrd*, ABŞ bolsa wýetnam urşunyň 8 ýylynda 165 *mlrd* ABŞ dollaryny harçlady.

♦ BMG-niň Baş Assambleýasynyň 43-nji sessiýasynda (1983) dünýäniň 116 döwleti Owganystandan daşary ýurt (ýagny, sowet) goşunlarynyň çykarylmalydygy barada ses berdi.

♦ BMG-niň neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirliginiň (UNODC) maglumatyndan: **Dünýä bazaryna aralaşýan neşe serişdeleriňň 90%-i Owganystandan gelýär.** 2001-nji ýylda talibanlar halkara bileleşiginiň basyşy astynda öz dolandyrýan çäginde tirýek önümçiligini gadagan edýärler. Şol ýylda hem Owganystanda tirýegiň iň az mukdary ýygnalýar.

♦ **«Umuman, bu rewolýusiýa däl-de, öwrülişikdi, serkerdeler düzümi, goşun tarapyndan geçirilen agdarylyşykdy». General Lew Gorelow,** 1975–1979-njy ýyllarda Owganystanyň Ýaragly güýçleriniň baş harby geňeşçisi.

♦ **«ABŞ-da belli-külli şatlandylar. Sowetler duzaga düşdüler – biziň pajygaly tejribämizi hasaba almadylar. Owganystan SSSR üçin ABŞ-nyň Wýetnamdaky ajy pajygasyna öwrüler». W.Kirpiçenko,** Sowet daşary razwedkasynyň ýolbaşçysynyň ýatlamasyndan.

♦ 2008-nji ýylda Kabul radiostansiýalarynyň biri paýtagtyň ýaşaýjylaryna «geçmişiň we şu günüň syýasy düzgünleriniň arasynda siziň bähbidiňize has golaýy haýsy?!» diýen sowala olaryň 93,2%-i Najibullanyň prosowet düzgünini görkezipdirler.

**Resminamalar we goşmaça maglumatlar:**

### Sowet goşunlarynyň Owganystandaky çäklendirilen kontingentiniň serkerdebaşysy general-polkownik B.W.Gromowyň ýatlamalaryndan

Goranmak ministri Sowet Soýuzynyň Marşaly D.F.Ustinowyň 1979-njy ýylyň dekabrynda beren dilden görkezmeleriniň esasynda berlen 30-dan gowrak direktiwasyna laýyklykda, Orta Aziýa we Türküstan harby okruglarynyň territoriýasynda 100-den gowrak harby bölümler, birikmeler we guramalar jemlenildi. 40-njy armiýanyň, üç sany motoatyjy diwiziýanyň, desant-zabt ediji brigadanyň, aýratyn motoatyjy polkuň, artilleriýa we zenit raketa brigadasynyň, şeýle hem goşunlaryň beýleki görnüşleriniň we tyl gullugynyň taýýarlyk işleri ýaýbaňlandyryldy. Herekete getirilen goşunlaryň doly üstüniň ýetirilmegi üçin zapasdan 50 *müň* serkerde, esger we seržant çagyryldy. Halk hojalyk kärhanalary goşunyň hajatlary üçin 8 *müň* töweregi awtomobil satdylar.

Bu goşuna çagyryş we ýaýbaňlandyryş çäreleri bu iki harby okrug üçin soňky ýarym asyrda iň irisi bolupdy. Goşunda we harby komissariatlarda adaty inspektor barlagynyň gidýändigine ynanýardylar. Diňe 24-nji dekabrda SSSR-iň goranmak ministrliginiň ýolbaşçy düzüminiň maslahatynda sowet ýolbaşçylarynyň Owganystana goşun salmak barada karar kabul edendigi yglan edildi. Serhetden geçilmeginiň takyk wagty hem bellidi – 1979-njy ýylyň 25-nji dekabry, sagat 15.00.

**Çeşme:** *Данилов А.Л., Косулина Л.Г.*
История России, XX век. – М, 1997, С.327.

* * *

**«... Owganystana sowet goşunlarynyň çäklendirilen goşun kontingentini ibermeli...»**

*Berlindäki, Warşawadaky, Budapeştdäki, Pragadaky, Sofiýadaky, Gawanadaky, Ulan-Batordaky, Hanoýdaky ilçilere görkezme*

...1978-nji ýylyň Aprel rewolýusiýasynyň esaslary, owgan halkynyň demokratik we progressiw gazananlary howp astynda...

...Amin we onuň daýanýan kiçeňräk toparlanyşygy owgan rewolýusiýasynyň öňbaşçysy ýoldaş Tarakini, görnükli işgärleriň köpüsini gazaplylyk we dönüklik bilen ýoldan aýyrdylar, rewolýusiýanyň ideallaryna sosialistik internasionalizmiň işine berlen ýüzlerçe we müňlerçe kommunistleri köpçülikleýin jezalandyrmalara sezewar etdiler...

...Şularyň hemmesini we täze owgan ýolbaşçylygynyň daşarky agressiýany yza serpikdirmek üçin kömek bermek baradaky haýyşyny göz öňünde tutup, Sowet Soýuzy özüniň internasional borjundan ugur alyp, Owganystan sowet goşunlarynyň çäklendirilen kontingentini girizmek barada karara geldi. Muňa zerurlyk aradan aýrylandan soň, olar şol ýerden yzyna çykarylar.

**Çeşme:** История России XX век. Материалы и документы для школьников и поступающих в ВУЗ-ы. – М, 1999, С.475-476.

# VIII BAP. TÜRKIÝE XX ASYRYŇ II ÝARYMYNDA — XXI ASYRYŇ BAŞLARYNDA



***Türkiýe Respublikasy*** *– Ýakyn Gündogarda ýerleşip, gündogarda Gruziýa, Ermenistan, Azerbaýjan, Eýran, günortada Yrak we Siriýa, günbatarda Gresiýa, Bolgariýa bilen serhetleşýär. Çägine Gara, Mermer, Egeý, Ortaýer deňizleri ýanaşýar. Tutýan meýdany 783,563 inedördül km (dünýäde 36-njy ýerde), ilaty 2016-njy ýylyň maglumatlaryna görä, 79,4 mln adam (18-nji ýerde).*







**50–70-nji ýyllarda Türkiýäniň içeri we daşary syýasaty.** Türkiýe Ikinji Jahan urşy ýyllarynda Germaniýanyň tarapyny tutupdy. Urşuň yzysüre ýurtda partiýa-syýasy göreşi güýçlendi. Mustafa Kemal Atatürküň esaslandyran *Respublikan Halk partiýasy* (RHP) ikä bölündi. 1945–1946-njy ýyllaryň sepgidinde döredilen *Demokratik partiýa* (DP) hem Atatürküň ýörelgelerine eýerýärdi. Ýöne ol etatizmiň däl-de, hususyýetçiligi goldamagyň tarapdarydy. Daşary syýasatda hem olaryň garaýyşlary çaprazrakdy. RHP Beýik Britaniýa, DP bolsa ABŞ-a gönükdirilen syýasaty alyp barýardy. Bulardan başga-da, dürli ugurly 30-dan gowrak täze partiýalar döredi.

Uruşdan soňky ýyllarda ABŞ-nyň Türkiýä täsiri artdy. «Sowuk urşuň» başlanmagy bilen ABŞ-nyň prezidenti G.Trumeniň doktrinasyna laýyklykda, kommunistik howpa garşy göreşmek üçin, ABŞ Gresiýa we Türkiýä 400 *mln* amerikan dollary möçberinde kömek puluny berdi. Türkiýede aerodromlar, harby-deňiz bazalary, strategiki ähmiýetli ýollar guruldy. Türkiýe amerikan harby kömegini aldy. Ýurda amerikan harby hünärmenleri çagyryldy. Türkiýä getirilen amerikan sarp ediş harytlarynyň öwezine gymmatly hrom çig maly ABŞ-a äkidildi. «*Marşallyň meýilnamasy*» boýunça Türkiýe 1948–1957-nji ýyllar aralygynda 10 ýyllap jemi 800 *mln* dollar möçberinde amerikan kömegini aldy. 1950–1954-nji ýyllarda bolsa oňa Halkara ösüş we rekonstruksiýa bankynyň 65 *mln* dollar möçberinde karzy berildi.

Türkiýe Germaniýadan hem köp mukdarda karz aldy. 50-nji ýyllarda türk ykdysadyýetiniň ösüş depgini 8%-e deň boldy.

1950-nji ýylyň maýynda Mejlise geçirilen saýlawlarda RHP ýeňildi. 1950–1960-njy ýyllarda Türkiýäni *Demokratik partiýa* dolandyrdy. 1950-nji ýylda ýurduň prezidentligine *Mahmud Jelal Baýar,* hökümetiň başlyklygyna *Adnan Menderes* saýlandy.



***Mahmud Jelal Baýar*** *(1883–1986). Türk döwlet we syýasy işgäri. Türkiýäniň 3-nji prezidenti (1950–1960). «Ýaş türkler» guramasynyň işjeň agzasy bolupdyr. 1924-nji ýylda Türkiýäniň işewürlik bankyny açyp, 1932-nji ýyla çenli onuň baş dolandyryjysy bolýar. 1937-nji ýylda Atatürk ony öz hökümetine baştutan belleýär. 1946-njy ýylda Demokratik partiýany esaslandyryjylaryň biri. 1960-njy ýylyň döwlet agdarylyşygyndan soň Jelal Baýar ömürlik türme tussaglygyna höküm edildi. Saglygy sebäpli tussaglykdan 1964-nji ýylda boşadyldy. 1966-njy ýylda aklanyldy. 100 ýaşdan geçen 14 sany döwlet we hökümet baştutanlarynyň hataryna girýär.*

Hökümet hususyýetçiligi goldamak, ýurda daşary ýurt maýasyny çekmek syýasatyny ýöretdi. Bu döwürde Türkiýäniň SSSR bilen gatnaşyklary sowaşdy. Ýurt 1952-nji ýylda NATO-nyň, 1954-nji ýylda SEATO harby-syýasy bileleşikleriniň agzasy boldy. Bagdat pakty dargansoň, Türkiýäniň başlangyjy bilen merkezi Ankarada ýerleşen SENTO harby guramasy döredildi. Oňa Eýran, Pakistan, ABŞ girdi. 1959-njy ýylda ABŞ bilen baglaşylan harby hyzmatdaşlyk hakyndaky şertnama laýyklykda, Adananyň golaýynda Injirlik diýen ýerde amerikan harby bazalary guruldy. Býujetiň 60%-i harby çykdajylara gönükdirildi.

Demokratik partiýa ykdysadyýetde hususyýetçiligi goldamak, ýurda daşary ýurt maýasynyň çekilmegini höweslendirmek syýasatyny ýöretdi. Emma türk bazarynda birnäçe ýeňillikleri alan daşary ýurt kompaniýalary ýerli senagat önümlerini gysyp çykaryp başlady. Daşary ýurtlar bilen oňaýsyz töleg balansy emele geldi. Ýurduň altyn gorlarynyň esasy bölegi daşary ýurtlara bergini ýapmaga harçlandy. 1956-njy ýyldan başlap, ýurt gallany daşary ýurtdan satyn almaly boldy. 50-nji ýyllaryň ahyrynda ýurtda ykdysady ýagdaý ýaramazlaşdy. Bahalar ýokarlanyp, hümmetsizlenmek artdy. Hökümet daşary ýurtlara bergisini tölemekden ejiz geldi.

Bu ýagdaý 1960-njy ýylyň baharynda syýasy krizisiň ýitileşmegine getirdi. Menderesiň hökümetiniň iş başyndan aýrylmagyny talap edýän halk çykyşlary güýçlendi. Talyplaryň gatnaşmagynda başlanan çykyşlary syýasatdan nägile bolan goşun serkerdeleri goldadylar. Guryýer goşunlarynyň serkerdesi Jemal Gürsel närazylyk hökmünde iş başyndan aýryldy. Halk köçä çykan harbylary goldady. «*Bozgurtlar*» milletçilik guramasyny döredijileriň biri *Alparslan Türkeş* bilen general Gürseliň baştutanlygynda serkerdeleriň bir topary goşuna daýanyp, 1960-njy ýylyň 27-nji maýynda ýurtda harby agdarylyşygy geçirdiler. Demokratik partiýa ýatyryldy. 1961-nji ýylyň sentýabrynda Adnan Menderes jezalandyryldy. 1961-nji ýylyň maýynda ýurduň täze Konstitusiýasy kabul edildi. Konstitusion kazyýet döredildi. Öňki Demokratik partiýanyň binýadynda täze iki sany syýasy partiýa – *Ada-*

*lat partiýasy we Täze Türkiýe partiýasy* döredildi. Oktýabr aýynda geçirilen saýlawlaryň netijesinde *Jemal Gürsel* prezident, Ismet Inönü premýer-ministr boldy. 1961–1965-nji ýyllarda dört gezek hökümet çalyşdy. Ýaş serkerdeler 1962-nji ýylyň fewralynda we 1963-nji ýylyň maýynda harby agdarylyşyk geçirmäge şowsuz synanyşyk etdiler. 1965-nji ýylyň saýlawlarynda Adalat partiýasy ýeňip, *Süleýman Demirel* premýer-ministr boldy.

60–70-nji ýyllarda ýurtda syýasy göreş ýitileşdi. Türkiýe ykdysady kynçylyklary başdan geçirdi. 1971-nji ýylyň 12-nji martynda ýurtda ýene harby agdarylyşyk boldy. Stambulda we Ankarada adatdan daşary ýagdaý 1973-nji ýylyň güýzüne çenli dowam etdi.

1960–1980-nji ýyllar aralygy Türkiýäniň taryhynda *ikinji Respublika* ýyllary hökmünde mälimdir. Bu döwürde senagat kärhanalarynyň sany uruşdan öňki derejesinden 4 esse, önümçiligi bolsa 7 esse artdy. Ýurt senagat-oba hojalykly döwlete öwrüldi. 1975–1977-nji ýyllarda ýurduň ykdysady ösüşi ortaça 7% boldy. «Ýaşyl rewolýusiýa» Türkiýä azyk üpjünçiligini getirdi. Emma şol bir wagtda maliýe ýetmezçiligi 6,5%-e deňdi. Şol sebäpli-de daşarky bergi 1973–1980-nji ýyllar aralygynda 4,6 esse artyp, 15,3 *mlrd* amerikan dollaryna ýetdi.

80-nji ýyllaryň başynda Türkiýede ýene-de syýasy-ykdysady krizis döredi. 1980-nji ýylda ýurduň daşarky bergisi 20 *mlrd* dollara ýetdi. 1980-nji ýylyň 12-nji sentýabrynda Türkiýede ýene harby agdarylyşyk geçirildi. Süleýman Demireliň hökümeti dargadyldy, parlament ýatyryldy. Ähli syýasy partiýalar gadagan edildi. Häkimiýeti Milli howpsuzlyk geňeşi öz elinde jemledi. 1982-nji ýylda täze Konstitusiýa kabul edildi. 1983-nji ýyldaky saýlawlaryň netijesinde raýat dolandyryşyna geçildi. 1982–1989-njy ýyllarda *Kenan Ewren* ýurduň prezidenti boldy.

**Üçünji Respublika. Ykdysady ösüşde öňe gidişlik.** Türkiýe Respublikasy 1923–1980-nji ýyllar aralygynda *etatizm* ýoly bilen ösdi. Bu syýasat ilkibada ykdysadyýetiň çalt depginler bilen ösmegini üpjün edipdi. Emma wagtyň geçmegi bilen türk ykdysadyýetiniň dünýäde bolup geçýän özgerişlere we ylmy-tehniki öwrülişigiň gazananlaryna haýal uýgunlaşýandygy äşgär boldy. Ýurduň ykdysady syýasaty içerki bazara niýetlenendi. 1980-nji ýyldan başlanan täze ykdysady ugry ýola goýan *Turgut Özal* hasaplanýar.



***Halil Turgut Özal** (1923–1993). Türk döwlet we syýasy işgäri. 1950-nji ýylda Stambul tehniki uniwersitetini tamamlaýar. Üç ýyllap ABŞ-da halkara bankynda işleýär. Birnäçe ýyllap Türkiýäniň Döwlet meýilnamalaşdyryş guramasyna ýolbaşçylyk edýär. Bazar ykdysadyýetiniň işjeň tarapdary. 1979-njy ýylda Süleýman Demireliň hökümetiniň düzümine girdi. Harby hökümetde (1980–1982) premýer-ministriň orunbasary boldy. Türkiýäni geçen asyryň ahyryndaky 20 ýyllykda düýpli ösüşlere getiren, 1980-nji ýylyň 24-nji ýanwaryndaky özgertmeler baradaky karary ýazanlaryň biri. Onuň esaslandyran Ene Watan Partiýasy (ANAP) 1984-nji ýylyň noýabryndaky saýlawlarda ýeňiş gazandy. Ol harby hökümetiň ýerine raýat hökümetini düzdi. Türkiýäniň 8-nji prezidenti (1989–1993).*

Saýlawlaryň öň ýanynda T.Özal asyryň aýagynda Türkiýäniň öz ösüşi boýunça Günbatar Ýewropanyň yzyndan ýetmelidigi baradaky sygary öňe sürdi. T.Özal ykdysadyýetde Adnan Menderesiň syýasatyny dowam etdirdi. Öňde goýlan maksada ýetmek üçin onuň hökümeti 6 ýylyň içinde köp işleri etdi. 1989-njy ýylda ol Türkiýe Respublikasynyň prezidentligine saýlandy. Mustafa Kemal türkleri baknalykdan halas edip, olaryň milli döwletini dörendeni üçin «Türkleriň atasy» adyny alan bolsa, T.Özal türk halkyny gaýtadan galkyndyrandygy üçin «*türk özgertmeleriniň atasy*» adyna mynasyp boldy. T.Özal öz partiýasyny häsiýetlendirip: «*Biz ahlak meselesinde konserwator, ykdysady meselelerde liberal, sosial adalatlylyk meselesinde progressistler bolarys*» diýipdi.

Täze ykdysady ugur boýunça döwlet hususy maýa goýmunyň senagat pudagyna içgin aralaşmagyna ýol arçamalydy. Türk milli önümini beýleki ýurtlaryň önümi bilen bäsleşip biljek derejä çykarmalydy. «*Harydymyzy daşarky bazara çykarmaly ýa-da tozup, ýok bolup gitmeli!*» – ine, şeýle şygar 80-nji ýyllaryň başynda örän meşhurdy. 80-nji ýyllaryň başy bilen deňeşdirilende onuň ahyrynda türk eksporty 4 esse artyp, 10 *mlrd* dollara ýetdi. Eksportda senagat önümleriniň paýy 35%-den 80%-e çenli artdy. Daşary ýurt maýa goýumynyň Türkiýäniň ykdysadyýetine goýulmagyny höweslendirmek zerurdy. Bu babatda Turgut Özal: «*Ertirki gün Ýaponiýa deňleşmek üçin, bu gün karz alanyň aýby ýok*» diýmegi gowy görerdi. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde döwlet pudagynyň kärhanalary üýtgedip gurlup, olara goýberilýän býujet serişdeleri azaldylmalydy. Puluň hümmetiniň gaçmagynyň öňi alynmalydy.

1986-njy ýylda ýurtda döwlet kärhanalaryny hususyýetçilere satmak maksatnamasy yglan edildi. Emma ol haýal amala aşyryldy. Ýurtda işsizleriň sany artdy. 1989-njy ýylda Türkiýäniň daşary ýurtlara bergisi 41 *mlrd* dollara ýetdi. Ähli girdejileriň 50%-i bu bergileriň üzülmegi üçin sarp edilýärdi. Ine, şu agyr ykdysady ýagdaýdan Türkiýäni alyp çykmak Turgut Özala başartdy. 1980–1989-njy ýyllar aralygynda türk ykdysadyýetiniň ortaça ýyllyk ösüşi 4,2% boldy. Ykdysadyýetde oba hojalyk önümleriniň paýy azalyp, senagat önümleriniň möçberi görnetin artdy. Türkiýe agrar-senagatly döwletden ösen senagatly we söwdasy ösen döwlete öwrüldi. Daşary ýurtlara haryt çykarylyşy birnäçe esse artdy. 90-njy ýyllaryň başynda döwlet pudagynda 30 sany iri we 100 töweregi kiçi kärhana galdy. Ol JIÖ-niň 40%--ini öndürýärdi.

Geçen asyryň 90-njy ýyllarynda Halkara walýuta gaznasy Türkiýedäki özgertmeleri goldamak üçin 4 *mlrd* amerikan dollaryny karz berdi. Umuman, Turgut Özalyň döwründe Türkiýäniň ykdysady pese gaçyşlygynyň öňi alnyp, indiki ösüşler üçin dogry badalgalar tapyldy.

Aslynda, türk milleti örän watançy halk. Halkyň watansöýüjiligini ýerlikli ulanyp, öz döwründe Atatürk Türkiýäniň garaşsyzlygyny gazanypdy. Turgut Özal hem türk halkynyň şol duýgularyna daýanyp, ýurdy galkyndyrmagy başarypdy.

1993-nji ýylda Turgut Özal aradan çykansoň, *Süleýman Demirel* Türkiýäniň prezidenti boldy (1993–2000). Onuň döwründe ykdysady özgertmeleriň depgini biraz gowşady. 1995–1997-nji ýyllarda puluň hümmetsizlenmegi 80%-e bardy. Onuň esasy sebäbi ýurduň içindäki syýasy dartgynlylyk we gatyşyk hökümetlerde partiýalaryň arasyndaky oňşuksyzlyklar bolupdy.

2000–2007-nji ýyllarda *Ahmet Neždet Sezer* Türkiýäniň prezidenti bolan döwri syýasy ýagdaý durnuklaşyp başlady.

**Türkiýede köppartiýalylyk ulgamy.** Türkiýede köppartiýalylyk ulgamy dowam edýär. Harby düzgün mahalynda (1980–1982) syýasy partiýalaryň işlemegi gadagan edilenem bolsa, 1983-nji ýyldan başlap, olar gaýtadan hereket edip ugraýar. Täze partiýalar döredilende, olaryň öňki köne partiýalaryň mirasdüşerleri bolmaly däldigi şert goýlupdy. 1982-nji ýylyň Konstitusiýasyna laýyklykda, döwlet baştutany prezident bolup, ol parlament tarapyndan 7 ýyl möhlete saýlanylýar.



***Süleýman Gündogdy Demirel** (1924–2015). 1949-njy ýylda suw gurluşygy (bent gurmak) inženerçiligi temasyndan alymlyk derejesini alyp, Stambul tehniki uniwersitetini tamamlaýar. 1949–1950-nji ýyllarda Amerikada öz ugry boýunça hünär tejribeliginde bolýar. 1955-nji ýylda Türkiýe döwlet suw işleriniň baş müdiri bolýar. Ol 28 ýylyň içinde 7 gezek premýer-ministriň wezipesini eýeläp, hökümeti dolandyrýar (1965–1969, 1969–1970, 1970–1971, 1975–1977, 1977–1978, 1979–1980, 1991–1993). 1983-nji ýyldan öz döreden Dogry Ýol partiýasynyň (DÝP) öňbaşçysydyr. «Erk, ynanç we çörek» şygary bu partiýanyň baş maksatnamasydyr. 1993–2000-nji ýyllar aralygynda Türkiýäniň 9-njy prezidenti boldy. Ömrüniň 40 ýylyny syýasata bagyşlan Demirel syýasatdan gitmegini «7 gezek geldim, 8 gezek gitdim» diýen gysga jümlede jemläpdi.*

Süleýman Demireliň prezidentlik döwründe ýurtda dürli syýasy partiýalardan düzülen gatyşyk hökümetleriň ençemesi çalyşdy. Olara *Tansu Çiller* (Dogry Ýol partiýasy), *Nejmeddin Erbakan* (Refah partiýasy), *Mesut Ýylmaz* (Ene Watan partiýasy), Bülent Ejewit (Demokratik çepçiler partiýasy) ýolbaşçylyk etdiler. 1995-nji ýylyň dekabrynda bolan parlament saýlawlarynda *Nejmeddin Erbakanyň* ýolbaşçylygyndaky *Refah* partiýasy häkimiýete geldi. Ol daşary syýasatda yslam dünýäsi bilen gatnaşyklary berkitmäge gönükdirilen ugry alyp bardy. S.Demireliň haýyşy boýunça harbylar N.Erbakanyň yslamçy hökümetiniň iş başyndan aýrylmagyny gazandylar. 1997–2000-nji ýyllarda gatyşyk hökümetlere Mesut Ýylmaz, 2000–2003-nji ýyllarda Bülent Ejewit baştutanlyk etdiler. 2003-nji ýylyň 14-nji martyndan Adalat we galkynyş partiýasynyň baştutany *Rejep Taýyp Ärdogan* Türkiýäniň premýer-ministri boldy. 2007-nji ýylyň iýulynda Türkiýede parlament saýlawlary geçdi. Saýlawlarda Rejep Taýyp Ärdoganyň baştutanlygyndaky *Adalat we galkynyş partiýasy* ýeňiş gazandy. Ol Türkiýe Respublikasynyň taryhynda 59-njy hökümeti düzdi.



*Tansu Çiller*



*Nejmeddin Erbakan*



*Mesut Ýylmaz*



*Bülent Ejewit*

2007-nji ýylyň 28-nji awgustynda geçirilen prezident saýlawlarynda şol partiýanyň wekili bolan *Abdulla Gül* Türkiýäniň 11-nji prezidentligine saýlanyldy.



***Abdulla Gül*** *(1950-nji ýylda Kaýseride doglan). Stambul uniwersitetini ykdysadyýet ugry boýunça tamamlaýar. Londonda, Ekseterde hünär tejribeligini geçýär. Ykdysady ylymlaryň doktory. 1983–1991-nji ýyllarda Yslam ösüş bankynda ykdysatçy wezipesinde işleýär. 1991-nji ýylda halkara menejmenti boýunça mugallymçylyk edýär. Şol ýylda Refah partiýasyndan parlamente deputat saýlanýar. 1991–1995-nji ýyllarda býujet we meýilnamalaşdyryş, 1995–2001-nji ýyllarda halkara syýasaty boýunça parlament toparynyň agzasy. Ärdoganyň ilkinji hökümetinde onuň birinji orunbasary, daşary işler ministri wezipelerinde işledi. 2002-nji ýylyň 18-nji noýabrynda premýer-ministr hökmünde 58-nji hökümeti döretdi. 2007–2014-nji ýyllarda Türkiýäniň 11-nji prezidenti boldy. Türkiýäniň Ýewropa Bileleşigine işjeň goşulyşmagyna gönükdirilen syýasaty ýöretdi.*



***Rejep Taýyp Ärdogan*** *(1954-nji ýylda Stambulda doglan). Stambulyň Mermer uniwersitetini menejment hünäri boýunça tamamlaýar. Nejmeddin Erbakan bilen tanşyp, yslam hereketine goşulýar. 1994-nji ýylda Stambulyň häkimi bolýar. Şäheri abadanlaşdyrmak we arassaçylyk işleri bilen giň meşhurlyk gazanýar. 1998-nji ýylda iş başyndan aýrylmaga mejbur bolýar. Özüniň esaslandyran Adalat we galkynyş partiýasy bilen 2002-nji ýylyň parlament saýlawlarynda ýeňiş gazanýar. 2003–2014-nji ýyllarda Türkiýäniň premýer-ministri. 2014-nji ýylyň awgust aýynda ýurduň taryhynda ilkinji ählihalk tarapyndan saýlanan prezidenti boldy.*

2007-nji ýylda Türkiýäniň parlamenti Konstitusiýa täze üýtgetmeler girizýär. Ol boýunça prezidentligiň bir gezeklik möhleti 7 ýyldan 5 ýyla getirilýär. Eger öň prezidenti parlament saýlaýan bolsa, indi ony ählihalk tarapyndan göni saýlawlar esasynda saýlamak karar edilýär. 2010-njy ýylyň 12-nji sentýabrynda Konstitusiýa üýtgetmeleri girizmek barada ýene-de referendum geçirildi. Oňa görä, goşunyň ýurduň syýasy we jemgyýetçilik durmuşyna täsiri peseldildi. 1980-nji ýylyň harby

agdarylyşygyny guranlaryň hukuk taýdan eldegrilmesizligi ýatyryldy. 2014-nji ýylyň 10-njy awgustynda Konstitusiýa girizilen täze üýtgetme boýunça Türkiýäniň taryhynda ilkinji gezek göni, ählihalk prezident saýlawlary geçirildi. Bu saýlawlarda sesleriň köplügini gazanyp ýurduň 12-nji prezidenti wezipesine Rejep Taýyp Ärdogan saýlanyldy. 2017-nji ýylyň 16-njy aprelindäki referendumda prezidentiň ygtyýarlyklary artdyryldy. 2018-nji ýylyň 9-njy iýulynda premýer-ministriň wezipesi ýatyryldy.

**Iki asyryň sepgidinde Türkiýäniň ykdysady ösüşi.** T.Özalyň başlan özgertmeleri Türkiýäni ykdysady taýdan galkyndyrdy. Emma XX asyryň ahyrynda ýurtda ýene-de ykdysady kynçylyklar döredi. Döwlet pudagynyň bergisi artdy. 1999-njy ýylda JIÖ 6,4%-e çenli peseldi. 2001-nji ýylda ýurduň içerki bergisi 40 *mlrd*, daşarky bergisi 120 *mlrd* amerikan dollaryna ýetdi.




*1960–2016-njy ýyllarda Türkiýede jemi içerki önümiň ösüş depgini*



*Lewent — Stambulyň maliýe merkezi*

R.Ärdoganyň hökümetine XXI asyryň başyndaky liberal özgertmeler netijesinde türk ykdysadyýetini gaýtadan galkyndyrmak başartdy. Diňe şu asyryň ilkinji 5 ýylynda Türkiýe 30 *mlrd* dollary karz alyp, ony ykdysadyýetini ösdürmäge gönükdirdi. 2002-nji ýylda ykdysady ösüş janlandy – JIÖ-niň artyşy 7,1%-e ýetdi. Soňky ýyllarda bu görkeziji artyp, 2004-nji ýylda – 9,9%-e, 2011-nji ýylda 11%-e bardy. 2011-nji ýylda Türkiýe «Uly 20-ligiň» ýurtlarynyň arasynda ykdysady ösüş depgini boýunça ilkinji ýere geçmegi başardy.

Türk ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlary artýar. 2012-nji ýyla garanda 2013-nji ýylda ýurda goýlan göni daşary ýurt maýa goýumlary 2 esse köpeldi.

Türkiýe senagat-agrar ýurdudyr. 2012-nji ýyldaky ýagdaýa görä, ykdysadyýetde senagatyň paýy 33%-e, oba hojalygynyňky – 9%-e, hyzmatlar pudagynyňky – 58%-e deňdir. Iki asyryň sepgidinde ol ýylda 4 *mln* tonna nebit, 4 *mln* tonna demir magdanyny, 100 *mlrd* kwt sagat elektroenergiýa, 75 *müň* ýük we 250 *müň* ýeňil awtoulagyny, 20 *mln* tonna bugdaý, 8 *mln* tonna arpa, 2 *mln* tonna pagta, 250 *müň* tonna temmäki öndürýärdi.

Öndürilýän jemi milli önüm 2010-njy ýylda 800 *mlrd* amerikan dollaryna deň boldy. Bu görkeziji boýunça ol şol ýyl dünýä döwletleriniň arasynda 17-nji ýerde durýardy. Şol ýylda ýurduň eksporty 115 *mlrd* dollara ýetdi. 2010-njy ýylda ykdysady kuwwaty boýunça Türkiýe dünýäde 15-nji ýerdedi.

Dünýäniň öňdebaryjy ykdysatçylary we syýasaty öwrenijileri Türkiýäni «*täze senagatlaşan döwletleriň*» hataryna goşýarlar. 2017-nji ýylyň ortalaryndaky ýagdaýa görä, Türkiýe JIÖ-niň möçberi boýunça dünýäde 17-nji hem-de JIÖ-niň satyn alyş ukybyna gatnaşygy boýunça 13-nji ýerde durýardy. Türkiýe azyk, dokma önümlerini, awtoulaglary, deňiz gämilerini, gurluşyk materiallaryny, durmuş tehnikasyny öndürmekde dünýä öňdebaryjylarynyň hataryndadyr.

Syýahatçylyk – türk ykdysadyýetiniň möhüm pudagy. «*Syýahatçylyk – biziň nebitimizdir*!» atly strategiýa laýyklykda, soňky çärýek asyrda Gara, Egeý, Ortaýer deňziniň kenarlarynda iň häzirkizaman syýahatçylyk infrastrukturasy döredildi. Pudakda 2 *mln-dan* gowrak adam zähmet çekýär. Türkiýe dünýäde iň islegli syýahatçylyk ugurlarynyň arasynda 6-njy ýerdedir. Syýahatçylyk pudagyndan uly girdeji gelýär. 2011-nji ýylda bu pudakdan 5 *mlrd* dollar girdeji gazanyldy. 2012-nji ýylda ýurda 35,7 *mln*, 2014-nji ýylda 41,4 *mln* syýahatçy gelip gördi. Emma 2016-njy ýylda Türkiýä syýahatçylyk maksady bilen barýanlaryň sany kemeldi. Netijede, ýurt 15 *mlrd* dollar zyýan çekdi.

R. Ärdoganyň döwründe bilim ulgamyna aýratyn üns berildi. 2004-nji ýylda okuw kitaplary mugt edildi. 2008-nji ýyldan başlap, Türkiýäniň her welaýatynyň öz uniwersiteti bar. 2008–2012-nji ýyllarda uniwersitetleriň sany 98-den 186-a çenli artdy.

2016-njy ýylyň 15–16-njy iýulynda türk harbylarynyň bir topary ýurtda döwlet agdarylyşygyny geçirmäge şowsuz synanyşyk etdiler. Bu ýurduň ykdysady ösü-

şine-de ýaramaz täsirini ýetirdi. 2016-njy ýylda türk ykdysadyýetiniň ösüşi 2,9% boldy.

**Kürtler meselesi.** Türkiýäniň içerki meseleleriniň birem kürtleriň özbaşdaklyk ugrundaky hereketidir. Lozanna ýaraşyk şertnamasyna görä, kürt halkynyň ýaşaýan ýerleri Türkiýäniň, Eýranyň, Yragyň we Siriýanyň arasynda paýlaşylypdy. XX asyryň ahyrynda Türkiýede 6,5 *mln*, Eýranda 5,5 *mln*, Yrakda 4 *mln*, Siriýada 720 *müň* kürt ýaşaýardy. 1979-njy ýylda Türkiýede *Kürdüstanyň işçiler partiýasy (KIP)* döredildi. Ol 1984-nji ýylda öz maksatnamasynda esasy mesele edip agzalan 4 sany döwletiň çäginde kürtleriň eýeleýän böleginde Kürdüstan döwletini döretmek ugrunda göreşi goýdy. Şol döwürden bäri Türkiýäniň günorta-gündogar etraplarynda türk goşuny bilen KIP-niň ýaragly güýçleriniň arasynda çaknyşyklar yzygiderli dowam edýär. Onuň üçin türk hökümeti ýylda 10 *mlrd* amerikan dollaryny harçlamaly bolýar. 1999-njy ýylda kürtleriň lideri *Abdullah Öjalan* tussag edildi.

**Türkiýäniň daşary syýasaty.** Türkiýe 1952-nji ýyldan bäri NATO-nyň agzasydyr. Ol 1987-nji ýylyň aprel aýynda özüniň Ýewropa Ykdysady bileleşigine kabul edilmegi barada ýüz tutdy. Emma Gresiýa onuň bu gurama kabul edilmegine garşy boldy. Sebäbi bu iki döwletiň arasynda Kipr meselesi bilen baglanyşykly düşünişmezlik dowam edýärdi. Türkiýe ABŞ bilen ýakyn gatnaşyklary saklaýar. 1980-nji ýyllarda Türkiýe Ysraýyldan we Müsürden soň amerikan harby kömegini alýan üçünji döwlete öwrüldi. 1981–1988-nji ýyllarda Türkiýä berlen amerikan harby kömegi 4 *mlrd* dollardan geçdi.

Ýakyn we Orta Gündogaryň yslam ýurtlary bilen gatnaşyklar türk daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir. Türkiýe Magrib ýurtlary (Tunis, Alžir, Marokko) bilen hem söwda-ykdysady gatnaşyklaryny alyp barýar. Yslam döwletleriniň goýan maýa goýumlary türk ykdysadyýetiniň ilerlemegine uly goşant boldy.

T.Özalyň Ýaponiýa sapary (1985-nji ýylyň maý aýy) iki döwletiň arasyndaky hyzmatdaşlygyň pugtalanmagyna ýardam edipdi. Ýaponlaryň gatnaşmagynda Stambulda Bosfor bogazynyň üstünden ikinji uly köpri guruldy (1988).

T.Özal 1990-njy ýylda Gara deňziň sebitindäki döwletleriň hyzmatdaşlyk guramasyny döretmek pikirini orta atypdy. Türkiýäniň teklibi bilen döredilen *Gara deňiz ykdysady hyzmatdaşlygy* (Türkiýe, Albaniýa, Gresiýa, Ermenistan, Azerbaýjan, Bolgariýa, Gruziýa, Rumyniýa, Moldowa, Russiýa, Ukraina) hem sebitara utgaşygyň nusgalarynyň biridir.

SSSR-iň dargamagy Türkiýäniň daşary syýasatynda uly özgerişlere getirdi. Ol ilki bilen öňki SSSR-iň düzümindäki türki respublikalaryň garaşsyzlygyny goldap, olara doganlyk goluny uzatdy.

Russiýa – Türkiýäniň möhüm hyzmatdaşy. 2002–2011-nji ýyllarda iki ýurduň söwda dolanyşygy 6 esseden gowrak artyp, 32 *mlrd* amerikan dollaryna ýetdi. 2005-nji ýylda Russiýa Gara deňziniň aşagyndan Türkiýä «*Mawy akym*» taslamasy boýunça tebigy gazyny iberip başlady. 2015-nji ýylyň 24-nji noýabrynda Siriýanyň

howa giňişliginde rus SU-24 harby uçarynyň türk uçary tarapyndan urlup ýykylmagy rus-türk gatnaşyklaryny dartgynlaşdyrdy. Russiýa Türkiýäniň garşysyna sanksiýalary we wiza düzgünini girizdi. 2016-njy ýylyň tomsundan başlap, döwletara gatnaşyklary ýene-de kadalaşyp başlady.

Türkiýäniň daşary syýasatynda Günbatar döwletleri bilen gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berilýär. Ol NATO-nyň agzasydygyna seretmezden, özbaşdak daşary syýasat ýöredýär. Muňa mysal edip, 2003-nji ýylda Yraga garşy göreşde ABŞ-nyň goşunlaryny Türkiýä goýbermändigini aýtmak bolar.

Türkiýe Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary bilen kadaly gatnaşyklary saklamaga synanyşýar. Türkiýäniň daşary syýasatynda Kipr meselesi doly çözülmedik meseleleriň biridir. Kipr adasynyň bir böleginde grek, bir böleginde türk döwletleri bar. Şonuň grek döwletini dünýä döwletleriniň birnäçesi ykrar etdi. Emma Türkiýe ony ykrar etmeýär. Kipr 2004-nji ýylyň 1-nji maýynda Ýewropa Bileleşigine kabul edildi. Kipr meselesi Türkiýäniň Ýewrobileleşige ymtylmasynda esasy böwetleriň biri bolmagynda galýar.

Türkiýäniň daşary syýasatynda musulman ýurtlary bilen, aýratyn-da goňşy arap döwletleri bilen gatnaşyklara üns berilýär. Türkiýe Siriýada parahatçylygyň dikeldilmegi ugrunda alada edýär. Ermenistan bilen Türkiýäniň gatnaşyklarynda köpden bäri çylşyrymly ýagdaý saklanyp gelýär. Türkiýe Ermenistan bilen gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak ugrunda göreşýär. Türkiýe Russiýa, Hytaý ýaly ýurtlar bilen dostlukly gatnaşyklar saklaýar. Hytaý bilen söwda gatnaşyklaryny has ösdürip, onuň möçberini 2020-nji ýyla çenli 100 *mlrd* amerikan dollaryna ýetirmek barada şertnama baglaşdy. Türkiýe Merkezi Aziýada SSSR dargandan soň emele gelen döwletler bilen ýakyn gatnaşyklary saklaýar. Olaryň arasynda Garaşsyz Türkmenistan bilen doganlyk gatnaşyklaryň ösdürilmegine gönükdirilen syýasat alyp barýar.

**Türkmen-türk hyzmatdaşlygy.** Türkiýe Respublikasyny esaslandyryjy Mustafa Kemal Atatürk 1933-nji ýylda öz egindeşlerine: «Bu gün Sowet Soýuzy goňşymyzdyr, hyzmatdaşymyzdyr. Ýöne ertir näme boljagyny hiç kim bu gün aýdyp bilmez. Edil Osmanly kimin, edil Awstro-Wengriýa kimin, SSSR hem bölünip biler. Dünýä täze bir mynasybete geçip biler. Şonda Türkiýe näme etjegini bilmelidir. Biziň bu dostumyzyň golastynda dili bir, ynanjy bir, asly bir doganlarymyz bardyr. Olara howandar çykmaga taýýar bolmalydyrys. Taýýar bolmak – ol güne garaşyp, gol gowşuryp oturmak däldir. Milletler muňa nähili taýýarlanarlar? Ruhy köprüleri saklamak bilen. Dil bir köprüdir. Ynanç bir köprüdir. Taryh bir köprüdir. Köklerimize inmeli we biz bolan wakalardan soň birleşmelidiris. Olaryň – daşary ýurtlaryň türki halklarynyň bize ýakynlaşmagyna garaşmaly däl. Biziň olara ýakynlaşmagymyz gerek» diýip sargyt edipdi. Atatürküň sargydyna eýerip, Türkiýe Türkmenistana garaşsyzlygyny gazanandan soň, doganlyk goluny uzadan ilkinji döwletdir. Ol 1991-nji ýylyň 16-njy dekabrynda Türkmenistanyň özbaşdak döwletdigini ykrar etdi. 1992-nji ýylyň 29-njy fewralynda iki döwletiň arasynda diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy.

1991-nji ýylyň 2–6-njy dekabry aralygynda Türkmenistanyň Ilkinji Prezidenti S.A.Nyýazowyň Türkiýä ilkinji resmi sapary bolupdy. Şonda «Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasyndaky dostluk hem-de hyzmatdaşlyk barada ylalaşyk» baglaşylypdy. Türkiýänyň prezidentleri Turgut Özal, Süleýman Demirel, Ahmet Neždet Sezer, Abdulla Gül, premýer-ministrler Tansu Çiller, Mesut Ýylmaz, Rejep Taýyp Ärdogan Türkmenistanda saparda boldular.

2008-nji ýylyň mart aýynda Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkiýe Respublikasyna ilkinji resmi sapary boldy. Saparyň dowamynda ol Türkiýäniň prezidenti Abdulla Gül, premýer-ministri Rejep Taýyp Ärdogan bilen duşuşdy. Saparyň jemleri boýunça bilelikdäki beýanata gol çekildi. Türkmen-türk hökümetara topary döredildi. Hormatly Prezidentimiz türki dilli döwletleriň baştutanlarynyň Türkiýede geçirilen sammitlerine iki gezek (16.09.2010, Stambul; 5.06.2014, Bodrum) hormatly myhman hökmünde gatnaşdy. 2011-nji ýylyň 30-njy maýynda Türkiýäniň prezidenti Abdulla Gülüň Türkmenbaşy şäherine bolan iş saparynyň dowamynda dostlukly döwletiň baştutany hormatly Prezidentimiz bilen hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de öňe ilerletmegiň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar.

2012-nji ýylda milli Liderimiz Türkiýe döwletiniň ýokary sylagy – Ýokary «*Döwlet nyşany*» ordeni bilen sylaglanyldy, Stambulyň Fatih uniwersitetiniň Hormatly doktory diýen alymlyk adyna mynasyp boldy. Türkmenistanyň Baştutany Türkiýe döwletiniň gazanan üstünlikleri hem-de ykdysadyýetiň aýry ugurlary boýunça iş tejribesi bilen tanyşmak maksady bilen bu ýerde birnäçe gezek iş saparlarynda hem boldy. Şolaryň biri 2012-nji ýylyň 9–10-njy awgustynda deňizýaka Stambul we Izmir şäherlerine guraldy. Bu saparyň Türkmenbaşy şäheriniň deňiz portuny döwrebaplaşdyrmakda ähmiýetiniň uly bolandygyny nygtamalydyrys. 2013-nji ýylyň 15-nji awgustynda Türkiýäniň şol wagtky premýer-ministri Rejep Taýyp Ärdoganyň iş sapary mahalynda Türkmenbaşyda Halkara deňiz portunyň düýbi tutuldy. Türkiýeli işewürleriň gatnaşmagynda gurlan halkara ülňülerine gabat gelýän häzirki zaman deňiz porty 2018-nji ýylda dabaraly açyldy. Diňe 2015-nji ýylda hormatly Prezidentimiz Türkiýede eýýäm iki sapar boldy. 2015-nji ýylyň 3–4-nji martynda hormatly Prezidentimiziň Türkiýä resmi sapary mahalynda 8 sany möhüm resminama gol çekildi. Hormatly Prezidentimize «*Türkiýe Respublikasynyň palatalar we biržalar birleşiginiň Ykdysadyýet we tehnologiýa uniwersitetiniň Hormatly doktory*» diýen ýokary derejeli ylmy ady dakyldy. 2015-nji ýylyň 24-nji aprelinde bolsa milli Liderimiz Birinji Jahan urşunda türkleriň Çanakgala (Dardanell bogazy) söweşindäki ýeňşiniň 100 ýyllyk dabarasyna gatnaşdy.

Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasynda döwletara, hökümetara we pudagara derejesinde ikitaraplaýyn resminamalaryň 100-den gowragyna gol çekildi.

Türkiýe türkmen ykdysadyýetine köp mukdarda maýa goýýan döwletdir. Türkiýe 2008-nji ýylda türkmen ykdysadyýetine 7 *mlrd* dollar we 2 *mlrd* ýewro ma-

ýa goýdy. 2008-nji ýylyň 1-nji sentýabryndaky ýagdaý boýunça Türkmenistanda türk maýa goýumynyň gatnaşmagynda 500 sany kärhana hasaba alyndy. Olaryň gatnaşmagy bilen milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda durmuşa geçirilýän taslamalaryň şol wagt 806-sy amala aşyrylýardy. 2014-nji ýylda ýurdumyzda 600-e golaý türk kompaniýasy hasaba alnandy. Türk hünärmenleriniň gatnaşmagynda Türkmenistanda sebitiň iň iri häzikizaman dokma senagat toplumy döredildi.

**Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasyndaky söwda dolanyşygy (mlrd. ABŞ dollary)**




Söwda gatnaşyklarynyň möçberi 2007-nji ýylda 2000-nji ýyldaka garanda 3 esse artdy. Türkmenistanyň umumy haryt dolanyşygynda Türkiýe 2007-nji ýylda Russiýadan we Eýrandan soň 3-nji orny, eksportda 4-nji orny, importda 1-nji orny eýeledi. Eger 2005-nji ýylda iki ýurduň arasyndaky söwda dolanyşygy 341 *mln* dollara barabar bolan bolsa, 2010-njy ýylyň ahyrynda ol 3 *mlrd* amerikan dollaryna çenli ýokarlandy. 2013-nji ýylda söwda dolanyşygy 4 *mlrd* 746 *mln* ABŞ dollaryna ýetdi. Türkmenistan, esasan, dokma, ýangyç-energetika, himiýa, oba hojalyk pudaklarynyň önümlerini eksport edýär. Türkiýeden metal we metal önümleri, hojalyk harytlary, enjamlar, gurluşyk materiallary, elektrotehnika, himiýa we ýeňil senagatyň önümleri, azyk önümleri, ulag serişdeleri, derman serişdeleri getirilýär. Türk firmalary Türkmenistanyň gurluşyk meýdanlarynda öndürijilikli zähmet çekýärler. Aşgabatda her ýyl Türkiýe Respublikasynyň gurluşyk we gurluşyk materiallary senagatyna bagyşlanan sergiler geçirilýär.

Ýangyç-energetika toplumy hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Türkmen elektrik energiýasy 2003-nji ýylyň dekabryndan bäri üçtaraplaýyn döwletara ylalaşyk esasynda çekilen Türkmenistan–Eýran–Türkiýe energoköprüsi arkaly Türkiýä eksport edilýär. Türkiýe Türkmenistanyň tebigy gazynyň Ýewropa eltilmegi bilen çuňňur gyzyklanýar. Türk kompaniýalary Hazaryň türkmen

ýalpaklygynda nebit-gaz ýataklaryny gözlemek baradaky taslamalara işjeň gatnaşýarlar.

Türkiýe Türkmenistan üçin müňlerçe hünärmen ýetişdirip berýär. Bilim babatdaky hyzmatdaşlygyň gerimi barha giňelýär.

Medeniýet – türkmen we türk halklaryny özara baglanyşdyrýan köpri. Ol köpriniň binýady örän mäkäm we berkden tutulan. Çünki bu iki halk bir nesilbaşydan – Oguz handan örňäp gaýdýar. Togrul beg, Alp Arslan, Mälik şa, Ärtogrul gazy, Garajaoglan, Ýunus Emre... iki halky ruhy taýdan biri-birine berk jebisleşdirýän beýik şahslar. Hut şonuň üçin hem iki ýurduň arasynda umumy mirasymyzy, taryhymyzy öwrenmekde uly tagallalar edilýär. Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda türkmen alymlarynyň topary Türkiýäniň kitaphanalarynda bolup, türkmen taryhyna dahylly golýazmalaryň we kitaplaryň uly tapgyryny ata Watanymyza getirdiler. Türkiýeli alymlar Türkmenistanda geçirilýän Halkara ylmy maslahatlaryna yzygiderli gatnaşýarlar. 1999-njy ýylda Aşgabatda Türkiýäniň TRT telewizion kompaniýasynyň wekilhanasy açyldy. Ol Türkmenistanda bolup geçýän wakalary gyzgyny bilen Türkiýä ýetirýär.

Türkmenistan bilen Türkiýäniň arasynda medeni-gumanitar hyzmatdaşlygy ösdürmekde medeniýeti we sungaty bilelikde ösdürmek baradaky guramanyň – TÜRKSOÝ-yň bitirýän işleri uludyr. Hormatly Prezidentimiziň Stambul sammitindäki teklibi esasynda 2011-nji ýylda Türkmenistanda TÜRKSOÝ-yň howandarlygynda «Türki dilli halklaryň medeni mirasy» atly halkara maslahaty we festiwaly şowly geçirildi. 2012-nji ýylyň fewralynda Ankaranyň gözel Dikmen jülgesinde «Türkmenistan» seýilgähi we şol ýerde oturdylan Magtymguly Pyragynyň heýkeli açyldy. Beýik Magtymguly Pyragynyň ýadygärligi Türkiýäniň Ýozgat şäherinde hem ebedileşdirilendir. 2014-nji ýylyň TÜRKSOÝ tarapyndan Magtymgulynyň ýyly diýlip yglan edilmegi bu halkara guramasynyň Magtymguly Pyragynyň baý edebi we ylmy-filosofiki mirasyny dünýä derejesinde çuňňur öwrenmek we wagyz etmek işinde mynasyp goşandydyr. 2015-nji ýylda bu gurama tarapyndan Mary Türki dünýäsiniň medeni paýtagty diýlip yglan edildi. Her ýyl Türkiýede Türkmenistanyň medeniýet günleri geçirilýär.

♦ Türkiýäniň çäginde 33 400 sany arheologiýa, 440 000 taryhy-arheologiýa ýadygärlikleri hasaba alnandyr. Italiýada we Gresiýada hem şeýle köp mukdarda taryhy ýadygärlik ýokdur.

♦ Meşhur golland çigildemleri bu ýere Türkiýeden ýaýrandyr. Türkler bu güle *läle* diýýärler.

♦ Türkiýäniň çägindäki gadymygrek ýadygärlikleri Gresiýanyň özündäkiden köpdür. Meşhur Troýanyň galyndylary Türkiýededir. Rowaýatlara görä, Gomer Izmirde, «taryhyň atasy» Gerodot Bodrumda doglupdyr, Guş adasynyň golaýyndaky Samos adasynda Pifagor ýaşapdyr.

♦ 2013-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda Türkiýede Aziýa we Ýewropa yklymlaryny birleşdirýän «Marmaraý» suwasty demirýol geçelgesi açyldy.

♦ 2014-nji ýylda Türkiýede ilaty 1 *million* adamdan geçýän 9 sany şäher bardy.

♦ 2007-nji ýylda Türkiýe 81 ile (welaýat), 923 sany ilçä (etrap) bölünýärdi.

♦ «Ethnologue»-niň 2014-nji ýyldaky maglumatyna görä, Türkiýede 8,13 *million* kürt, 500 *müňden* gowrak krym tatarlary, asly Kawkazdan göçüp baranlaryň nesilleriniň 4 *milliony*, 1 *milliondan* gowrak arap ýaşaýardy.

♦ Türkiýede 78 *müňden* gowrak metjit bar.

♦ 2006-njy ýylyň maglumaty boýunça Türkiýäniň goşunynyň sany 515 *müň* adama deňdi (dünýäde 9-njy ýerde).

♦ Bülent Ejewit Rabindrat Tagory asyl nusgasynda okamak üçin, London uniwersitetiniň Gündogary öwreniş we afrikanistika mekdebinde sanskrit we bengal dillerini öwrenmäge başlapdyr, ýöne ony tamamlamaga ýetişmändir.

♦ Nejmeddin Erbakan «syýasy yslamy» esaslandyryjy hem-de Rejep Taýyp Ärdoganyň syýasy halypasy hasaplanýar. Ol «Refah» («Abadançylyk») partiýasyny esaslandyryjydyr.

## IX BAP. ÝAKYN GÜNDOGAR ÝURTLARY

**Ýakyn Gündogar** – Günbatar Aziýada we Demirgazyk Afrikada ýerleşen sebitiň taryhy ady. Bu at ýewropalylar tarapyndan özlerine ýakyn bolan gündogar sebite berlen atdyr. Ozal, esasan, arap we yslam dünýäsiniň sebitini aňladan bolsa, indi dünýäde emele gelen täze geosyýasy ýagdaýa görä, Uly Ýakyn Gündogar diýen düşünje emele geldi. Ol indi diňe Ortaýer we Arap deňizlerine ýanaşýan ýurtlary däl-de, eýsem, Kiçi Aziýany, Kawkazy, Orta Gündogary, Orta Aziýany hem öz içine alýar. Bu adalga geçen asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap ulanylýar. Täze Ýakyn Gündogar adalgasy ilkinji gezek 2006-njy ýylyň iýunynda Tel-Awiwde ABŞ-nyň Döwlet sekretary Kondoliza Raýs tarapyndan dünýä aýan edildi. Milli howpsuzlyk boýunça ozalky amerikan geňeşçisi Täze Ýakyn Gündogara Ýewraziýa Balkanlaryny, Günorta Kawkazy (Azerbaýjan, Ermenistan, Gruziýa), Merkezi Aziýany (Gazagystan, Özbegistan, Gyrgyzystan, Türkmenistan, Owganystan, Täjigistan) goşýar. Ýakyn Gündogar dünýäniň iň möhüm nebit gazyp alynýan sebitidir.



# §1. Ysraýyl we Palestina



***Ysraýyl döwleti*** *– Günorta-Günbatar Aziýada, Ortaýer deňziniň gündogar kenarynda ýerleşen döwlet. Müsür, Iordaniýa, Siriýa, Liwan bilen araçäkleşýär. Paýtagty we hökümetiň ýerleşýän ýeri Iýerusalimde, köp ýurtlaryň ilçihanalary Tel-Awiwde ýerleşýär. Döredilen gününden bäri Ysraýylyň çäkleri birnäçe gezek üýtgedi. Tutýan meýdany 22072 inedördül km (dünýäde 147-nji ýerde). Ilaty 2017-nji ýylyň maglumatyna görä 8 mln 680 müň adam. Onuň 80%-i ýewreýler, 17%-i araplar, galany beýleki milletlerdir.*







**Ysraýyl döwletiniň döremegi.** Ysraýyl döwleti dünýäniň syýasy kartasynda 1948-nji ýylyň maýynda peýda boldy. Emma bu döwleti döretmek ugrunda taýýarlyk işleri has öňden bäri alnyp barlypdy. Dünýäniň dürli künjeklerinde ýaşamaga mejbur bolan ýewreýleriň gadymy döwürde öz ata-babalarynyň ýaşan watanlaryna dolanmak ugrundaky göreşi XIX asyryň ahyrlaryndan guramaçylykly häsiýete geçip başlapdyr. Sionizm adalgasy ilkinji gezek ýewreý meselesi boýunça çykyş edýän publisist *Natan Birnbaum* tarapyndan ulanylypdyr. Birnbaum soňra Palestinada ýewreý döwletini döretmek pikirini goldamandyr. *Sionizm, ýagny «Siona dolanmak»* atly gadymy düşünjä görä, ýewreýleriň aňyna watana dolanmagy guýupdyr. Soňra bu söz ýewreý halkynyň milli azat edijilik hereketi manysyna geçipdir. 1860-njy ýylda Parižde *Rotşildler maşgalasynyň* fransuz şahasynyň howandarlygy astynda *Bütindünýä Sionistik guramasy* döredilýär. *Mozes Gess* 1862-nji ýylda neşir edilen «Rim we Iýerusalim» atly kitabynda sionizm taglymatyny syýasy taýdan esaslandyrypdyr. Emma sosialist Gessiň bu kitabyna hatda Gersl tarapyndan hem üns berilmän galypdyr. 1862-nji ýylda Gündogar Prussiýada ýaşan rawwin *Swi Hirş Kalişer «Siona ymtylyş»* kitabynda olaryň Palestina barmagynyň giňişleýin hem-de anyk meýilnamasyny beýan edipdir. Onuň töwereginde «Eres Israýeli kolonizasiýa etmegiň jemgyýeti» döräpdir.

Ýewreýleriň Siona dolanyp, ol ýerde özbaşdak döwlet döretmelidigi hakdaky pikir zehinli žurnalist *Teodor Gersliň* 1896-njy ýylda neşir etdiren «*Ýewreý döwleti*» atly kitabynda öz beýanyny tapypdyr. Onuň pikiriçe, ýewreý döwleti bitarap döwlet bolmalydy. Gersl öz maksadyny amala aşyrmak üçin, Osman soltany bilen 1896, 1901-nji ýyllarda şowsuz gepleşikleri hem geçiripdir. 1897-nji ýylyň awgustynda *Teodor Gersliň* öňbaşçylygynda Bazelde guramanyň I kongresi geçirilip, onuň kararyna görä, Palestina ýerlerinde ilkinji ýewreý obalary döredilipdir. 1902-nji ýylda iňlis hökümeti Sinaý ýarymadasynyň bir bölegine ýewreýleri göçürmegi teklip edipdir (*el-Arişiň meýilnamasy*). 1903-nji ýylda ýewreýleri Afrikanyň gündogaryna – Uganda ýa-da Keniýa göçürmek hem teklip edilipdir. Emma olaryň ikisi-de ret edilipdir. Sebäbi sionizm Siondan üzňelikde syýasy mana eýe bolup biljek däldi. Ysraýylyň resmi maglumatlaryna görä, XVI asyryň başynda «*Eres Ysraelde*» – «*Ysraýyl ýerlerinde*» 5 *müň* adam ýaşan bolsa, 1914-nji ýylda bu ýerde ýewreýleriň sany 85 *müň* adama ýetipdir.



*Teodor Gersl*

Birinji Jahan urşunyň gidýän mahalynda Angliýa 1917-nji ýylyň noýabrynda Palestinada «*ýewreý halkynyň milli ojagyny*» döretmek barada «*Balfuryň jarnamasyny*» yglan etdi. Iňlis daşary işler ministrliginiň kätibi Artur Balfur meşhur maýadar Laýonel Rotşildden sionistik guramalary maliýeleşdirmegini haýyş edýär. 1917-nji ýylyň dekabrynda iňlis generaly Allenbiniň Iýerusalime girmegi bilen osman agalygynyň soňuna çykylýar. 1922-nji ýylyň iýulynda Beýik Britaniýa Palestinany dolandyrmaga Milletler Ligasynyň mandatyny alypdy. Liga ýewreý jemagatynyň Iordan derýasynyň gündogarsyndaky etraplara ýaýramaly däldigini duýdurdy. Britan mandatyna berlen ýerleriň dörtden üç bölegini düzýän bu çäkde geljekde Iordan haşimit patyşalygy döredildi.

Iňlisler ýewreýleriň ata mekanyna dolanmagyna ýardam beripdirler. 1919–1923-nji ýyllarda diňe Russiýadan 35 *müň* ýewreý watanyna dolanýar. Ýewreýleriň indiki tolkuny (ýewreý taryhynda olara «*aliýa*» diýilýär) Polşadan gelýär – 1924–1932-nji ýyllar aralygynda bu ýerden 60 *müň* ýewreý milli ojagyna gaýdyp gelýär. 1924–1929-njy ýyllarda Palestina Polşadan we Wengriýadan 82 *müň*, 30-njy ýyllarda, esasan, Germaniýadan 250 *müň* töweregi ýewreý göçüp gelipdir. 1937-nji ýylda iňlisleriň Palestinany ikä bölmek teklibi araplarda nägilelik meýillerini döredipdir. Dowam edýän arap topalaňlary Angliýany 1939-njy ýylyň maýynda ýewreýleriň Palestina göçüp gelmegini çäklendirýän Ak kitaby neşir etmäge mejbur etdi. «*Mossad le-Aliýa Bet*» atly gizlin gurama ýewreýleriň Palestina gizlin ýollar arkaly göçüp barmagyna ýardam beripdir. Emma ýewropaly ýewreýleriň köpüsine faşistleriň yzarlamalaryndan gaçyp gutulmak mümkin bolmady. Faşistler ýewreý milletini ýer ýüzünden doly ýok etmäge synanyşdylar (genosid syýasaty). Olar ilki şäherleriň aýratyn bellenen kwartallarynda (*getto*) ýaşadylan bolsa, soňra bendihanalara (*konslagerler*) dykyldy. Ýewreýlere köpüň üý-

şen ýerine barmak, döwlet işlerinde işlemek, german raýatlygyna geçmek, nemesler bilen maşgala gurmak gadagandy. 1938-nji ýylyň 7-nji noýabrynda Parižďäki nemes ilçihanasynyň kätibiniň ýewreý *Gerşel Grýuşpan* tarapyndan öldürilmegi Germaniýada ýewreýleriň köpçülikleýin gyrylmagyna bahana boldy. 9-njy noýabrda «*Hrustal gije*» operasiýasynyň netijesinde Germaniýada ýaşaýan ýewreýler köpçülikleýin gyryldy. Ýewreýlere 1 *mlrd* marka möçberinde jyns kontribusiýasy salyndy. Ony töläp bilmedik ýewreýleriň kärhanalary, şahsy baýlyklary konfiskasiýa edildi. Uruş başlanandan soňra, ýewreý bolsa, eşigine altyburç sary ýyldyzjyk dikilmeli edildi. Gitleriň ähli ýewreýleri Afrikanyň Madagaskar adasyna göçürmek meýli bardy. Emma onuň başa barmajagyny bilip, faşistler 1942-nji ýylyň ýanwaryndan başlap, ýewreý maşgalalaryny uçdantutma gyrmaga başladylar. Olaryň esasy bölegi bendihanalarda ejirli ölüme sezewar edildi. Garaz, ýewreý halkyna faşistleriň görkezen görgi-gazaplaryny söz bilen beýan etmek mümkin däl. Gitleriň «*Holokost*» («*Gutarnykly çözgüt*») maksatnamasy boýunça faşistler 11 *mln* ýewreýleriň ählisini ýok etmekçidiler. Ýöne zalymlar olaryň diňe 6 *millionyny* öldürmäge ýetişdiler. Şolaryň 1,5 *milliony* çagalardy. Şeýlelikde, eger uruş başlanmanka Ýewropany taşlap giden ýewreýleri hem hasaba alanyňda, dünýäde iň köp ýewreý jemagaty bolan 9 *mln* ýewreýleriň sany iki esse azaldy. 1945–1948-nji ýyllarda Holokost netijesinde ejir çeken ýewreýleriň 85 *müňüsi* Palestina göçürilip getirildi.

Eýýäm Ikinji Jahan urşunyň ahyrlarynda Palestinanyň ilatynyň 33%-ini düzen ýewreýlere senagat önümçüliginiň 80%-i degişlidi. Emma Palestina araplary ýewreýleriň ol ýerde döwletini döretmek baradaky meseläni ara alyp maslahatlaşmak hem islemändiler. Ýewreý-arap gapma-garşylygy güýçlenip, birnäçe harby çaknyşyklara ösüp geçipdi. Iňlis hökümeti ýewreýleriň göçüp gelmegine has berk gözegçiligi ýola goýupdyr. Deňiz gabawyndan, bosgunlary ele salmak üçin goýlan serhetýaka gözegçiliginden geçip, 1945–1948-nji ýyllarda 85 *müň* ýewreý legal däl ýagdaýda Palestina göçüp geldiler.

Beýik Britaniýa Palestina meselesinde ýewreý-arap garşylyklaryny çözmegi başarman, Palestinanyň üstünden mandatyny 1947-nji ýylda BMG-ä tabşyrypdy. 1947-nji ýylyň 29-njy noýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynda bu meselä seredilip, Palestinanyň üstünden iňlis mandaty ýatyryldy we 1948-nji ýylyň maýynda bu ýerde iki sany özbaşdak arap we ýewreý döwletlerini döretmek barada karar kabul etdi. Resminama laýyklykda, ýewreý döwletine – Gündogar Galileýa, Israýel jülgesi, Negew çöllügi, deňizýaka düzlüginiň köp bölegi; arap döwletine bolsa – Gündogar Galileýa, Iudeý daglary we Samariýa (Iýerusalim muňa degişli däldi), Aşdoddan başlap Müsür bilen araçäge



*Dawid Ben Gurionyň Ysraýyl döwletiniň döredilýändigini jar etmegi*

çenli deňizýaka düzlüginiň galan bölegi degişli bolmalydy. Iýerusalim we Wifleýem halkara gözegçiliginde bolmalydy.

Şol wagt Ysraýylda dünýäniň ähli sebitinden göçüp gelen 650 *müň* ýewreý jemlenipdi. Ýewreýlere 11,1 *müň*, araplara 14,1 *müň* inedördül km çäk bölünip berildi. 1948-nji ýylyň 14-nji maýyndan 15-ine geçilýän gije ýewreýleriň syýasy ýolbaşçylary Halk geňeşini çagyryp, Ysraýyl atly döwletiň döredilýändigini jar etdiler. Döwletiň ilkinji hökümet baştutany *Mapaý* partiýasynyň (Işçiler partiýasy) öňbaşçysy *Dawid Ben Gurion*, prezidenti bolsa Bütindünýä Sionistik guramasynyň ýolbaşçysy *Haim Weýsman* boldy. 1949-njy ýylyň 11-nji maýynda Ysraýyl BMG-niň 59-njy agzasy boldy.



***Dawid Ben Gurion** (1886–1973) – Ysraýylyň syýasy we döwlet işgäri, sionizmiň iri işgäri, Palestinada ýewreý işçiler hereketiniň öňbaşçysy, Ysraýylyň ýewreý agentliginiň başlygy (1935–1948), Ysraýylyň premýer-ministri (1948–1953 we 1955–1963), Ysraýylyň ilkinji 10 hökümetinde goranmak ministri, 3-nji hökümetde ulag ministri. Ben Gurion 1948-nji ýylyň 14-nji maýynda Ysraýylyň garaşsyzlygy hakdaky Jarnamany yglan etdi. Ol Ysraýyly, onuň döwletliliginiň sütünlerini esaslandyryjylaryň biri hasaplanýar.*

Ysraýyl döwleti döredilen wagtynda dünýädäki ýewreý jemagatynyň takmynan 85–90%-i bu ýere jemlendi. Arap-ysraýyl uruşlarynyň başlanmagy arap ýurtlarynda jemlenen ýewreý jemagatyny Ysraýyla gyssagly göçmäge mejbur etdi. 1950-nji ýylyň başynda Ýemenden 45 *müň*, Yrakdan 123 *müň* töweregi ýewreý uçarlarda Ysraýyla getirildi. Bu operasiýa resmi däl «*Jadyly haly*» we «*Aly-Baba*» adyny aldy. Arap dünýäsinden 300 *müň* ýewreý täze döredilen döwletlerine göçüp geldiler. Şeýlelikde, 1951-nji ýylyň ahyryna çenli ýurduň ilaty 2 esse artdy. Döwletiň döredilmeginiň ilkinji onýyllygynda Ysraýylyň ilatynyň sany 2 *mln* adamdan geçdi. 1952-nji ýylyň sentýabrynda Ysraýyl GFR bilen reparasiýalar barada ylalaşyga gol çekdi. Oňa laýyklykda, Gitleriň geçiren «Holokost» operasiýasy üçin Germaniýa ýewreýlere 822 *mln* dollar öweztölegini töledi.

**Palestina meselesi.** 1948-nji ýyldaky harby hereketlere çenli Palestinada 1 *mln* 230 *müň* arap ilaty (hristianlar we musulmanlar) ýaşaýardy. Şonuň 390 *müňüsi* BMG-niň meýilnamasy boýunça ýewreýlere bölünip berlen ýerlerde ýaşaýardy.

Ysraýyl dörän dessine oňa garşy goňşy arap ýurtlary (Müsür, Siriýa, Liwan, Yrak, Iordaniýa, Saud Arabystany, Ýemen) urşa başladylar. Ilkinji arap-ysraýyl urşy başlandy. Ysraýyla ABŞ ýardam berdi. Ysraýyl diňe bir arap ýurtlarynyň çozuşyny yza serpikdirmegi başarman, eýsem, BMG tarapyndan araplara döwlet döretmek üçin berlen ýerlerden hem 6,7 *müň* inedördül km ýeri (Günbatar Galileýany, Günbatar Negewi, Günbatar Iýerusalimi) basyp aldy. Uruş netijesinde Iordan derýasynyň günbataryny Iordaniýa, Gaza zolagyny Müsür eýeledi. 900 *müň* palestinaly araplar öz ýaşa-






*Galileýadan gaýdan palestin bosgunlarynyň maşgalasy. 1948 ý. oktýabry–noýabry*

ýan ülkelerini taşlap, göçmäge mejbur boldular. 180 *müň* töweregi bosgun Iudeýa we Samariýa (Iordan derýasynyň günbatar kenarýakasy, ol Iordaniýa tarapyndan eýelenipdi), 60 *müň* töweregi – Gaza zolagyna (ol Müsür tarapyndan eýelenipdi) gitdiler. Palestin araplarynyň 70 *müňüsi* Iordaniýa, 100 *müňüsi* Liwana, 75 *müňüsi* Siriýa mysapyrlyk üçin gitmeli boldular. Ysraýylyň özünde 1949-njy ýylda 150 *müňe* golaý arap galdy. Arap dünýäsinde bu wakalar «al-Nakba» – «Pajyga» adyny aldy. Ýemende, Liwiýada, Müsürde, Siriýada, Yrakda ýewreýlere garşy öç almalar başlandy. Netijede, 800 *müňden* gowrak ýewreý arap ýurtlarynyň çäginden gaçyp, Ysraýyla göçüp gaýtmaly boldy. Birinji arap-ysraýyl urşundan soňra Ysraýylda 150 *müňden* gowrak arap galdy.

1949-njy ýylyň fewral–iýul aýlarynda Ysraýyl bilen arap döwletleriniň arasynda ylalaşyk gazanylyp, wagtlaýyn demarkasion zolak çekildi. BMG-niň araçyllygynda gazanylan ylalaşyga laýyklykda, kenarýaka etraplary, Galileýa we Negew tutuşlygyna Ysraýyla berildi. Iýudeýa we Samariýa (Iordan derýasynyň günbatar kenarýakasy) Iordaniýa, Gaza zolagy Müsüre berildi. Iýerusalim beton diwar bilen ikä bölündi. Alty günlük uruşdan soňra ol ýene birleşdirildi. Ysraýyl Palestina üçin bölünip berlen ýerleriň 80%-ini eýeledi. Wagtlaýyn araçäk «*Ýaşyl çyzyk*» adyny aldy. Palestina araplaryna bölünip berlen ýerlerden Gaza zolagyny Müsür, Iýudeýa bilen Samariýany Transiordaniýa eýeledi. Olaryň soňkusyny Transiordaniýa «Iordan derýasynyň günbatar kenarýakasy» diýip atlandyrdy.

Palestin araplary şeýdip, özlerine bölünip berlen hususy çäkde döwletsiz galdylar. 1949-njy ýylyň 11-nji maýynda Ysraýyl döwleti BMG-niň agzalygyna kabul edildi. 1949-njy ýylyň urşundan soň Ysraýylyň dünýä döwletleriniň köpüsi tarapyndan de-fak-

toda ykrar edilen özygtyýarly çägi 20 770 inedördül km deňdir. Gündogar Iýerusalimi we Golan belentliklerini hasaba alanyňda, Ysraýylyň soňra özygtyýarlygyny ýaýradan ýerleri 22 072 inedördül km barabar boldy.

Şeýlelikde, Ysraýyl döwletiniň döremegi bilen bir wagtda *Palestina meselesi* hem döredi. Bu mesele birnäçe gezek arap-ysraýyl uruşlaryna getirdi.




Birinji arap-ysraýyl urşundan soň Ysraýyl bilen araplaryň arasynda 1956-njy ýylda ikinji uruş boldy. 1952-nji ýylda Müsürde Jemal Abdel Naseriň häkimiýete gelmegi bilen Müsüriň Ysraýyl bilen gatnaşyklary ýitileşdi. Müsür 1956-njy ýylda Sues kanalyny millileşdiripdi. Bu ýagdaý bolsa, ilkinji nobatda, Ysraýyla, galyberse-de, Beýik Britaniýa bilen Fransiýanyň bähbitlerine ters gelýärdi. Müsür Ysraýylyň deňze ýeke-täk çykalgasy bolan *Tiran bogazyny* gabapdy. Müsür hem öz goşunlaryny Siriýa we Iordaniýa bilen birleşdirip, bir bütewi harby birikmeleri döredipdi. Şonuň üçin Beýik Britaniýa, Fransiýa we Ysraýyl hem güýçlerini birleşdirmek barada ylalaşypdylar. Şol üçüsi 1956-njy ýylda Müsüre garşy urşa başlap, Sinaý ýarym adasyny basyp almaga girişdiler. SSSR-iň we ABŞ-nyň berk talap etmegi netijesinde iňlis-fransuz-ysraýyl goşunlary Sinaýdan çykaryldy we uruş hereketleri togtadyldy.

Emma 1956-njy ýyldaky ylalaşyk berk däldi. 1967-nji ýylyň iýunynda Ysraýyl Müsüre, Iordaniýa we Siriýa garşy täze urşa başlapdy. 1967-nji ýylyň üçünji arap--ysraýyl urşy bary-ýogy 6 gün dowam edipdi. Emma şol alty gün Ýakyn Gündogarda güýçleriň mynasybetini düýpli üýtgedipdi. Ysraýyl öz çäklerinden 4 esse köp ýerleri basyp alypdy. Ol Sinaý ýarym adasyny, Gazany, Golan beýikligini, Iordan derýasynyň günbataryny eýeläpdi. Ysraýyl Iýerusalimi «*ömürlik we bölünmez paýtagty*» diýip yglan edipdi. BMG-niň eýelän ýerlerinden goşunlaryny çykarmagyny talap edýän №242 belgili Rezolýusiýasyny Ysraýyl ýerine ýetirmedi. Palestinanyň ilatynyň üçden birini düzýän ýewreýler özüne berlen 56% çäkden daşgary çägi arap ýerlerini basyp almagyň hasabyna 80%-e çenli artdyrdylar. 6 günlük uruşda Iordan derýasynyň günbatarsynda eýelenen, häzirki wagtda Palestina milli administrasiýasynyň dolandyryşyndaky ýerleri hasaba alanyňda, häzirki wagtda Ysraýylyň gözegçiligindäki ýerler 27 799 inedördül km deňdir.

Ysraýyl basylyp alnan arap ýerlerinde ýerli ilaty çetleşdirip, ony ýewreý ilaty bilen çalyşmak syýasatyny alyp barypdyr. 1948-nji ýylyň 16-njy iýunyndaky hökümet

mejlisinde Dawid Ben-Gurion: «*Uruş – uruş bolýar. Ony biz başlamadyk. Ýene-de bize garşy urşa başlamagyna mümkinçilik berer ýaly biz duşmanyň yza dolanmagyna razylyk bermelimi?! Olar ýeňildiler we gaçyp gitdiler. Men uruşdan soň hem olaryň yzyna dolanmagyna garşy bolaryn*» diýipdir. Diňe Gaza zolagyndan 300 *müň* arap göçürilipdir. Göçürilmän galanlary bolsa arzan işçi güýji hökmünde ulanylypdyr. 1968-nji ýylda palestina bosgunlarynyň sany 1 *mln* 346 *müň* adama ýetipdir. Häzirki wagtda BMG-niň resmi maglumatlaryna görä, 4,7 *mln* adam palestin bosguny hasaplanýar. Bosgun statusy ene-atalaryndan çagalaryna, agtyk-çowluklaryna-da geçýär. Arap ýurtlarynda 2,5 *mln* palestin bosgunlary bolup, şolardan 1 *mln* 750 *müňüsi* Iordaniýanyň raýatlygyna geçdiler. 1949-njy ýylyň dekabrynda palestin bosgunlaryna kömek bermek we işleri guramak boýunça BMG-niň Ýakyn Gündogar býurosy döredildi (UNRWA). 1952-nji ýylda Arap döwletleriniň Ligasy milli aýratynlygyny hem-de öz watanyna dolanmak hukugyny saklap galdyrmak maksady bilen arap ýurtlaryndaky palestin bosgunlaryna raýatlyk bermezlik barada karar kabul etdi. Şonuň üçin Iordaniýadan başga, arap döwletleri olara öz raýatlygyny bermekden saklanýar. BMG-niň maglumatyna görä, UNRWA tarapyndan hasaba alnan palestin bosgunlarynyň sany 2006-njy ýylyň 31-nji dekabryndaky ýagdaýa görä, 4 *mln* 375 *müň* 50 adamdy. Şolardan: Iordaniýada – 1 835 704, Siriýada – 434 896, Liwanda – 405 425, Iordan derýasynyň günbatar kenarýakasynda – 705 207, Gaza zolagynda – 772 293 sany palestin bosguny ýaşaýardy. Bu maglumatlar bosgunlaryň sanynyň azalmaýandygyny görkezýär. Palestin bosgunlarynyň ýagdaýynyň has gözgynysy Liwandaky bosgunlaryňkydyr. 1960-njy ýylyň ýanwarynda «Associated Press» agentligine beren interwýusynda Iordaniýanyň koroly Hüseýin: «*1948-nji ýyldan başlap arap liderleriniň köpüsi palestinleri öz syýasy maksatlaryna ýetmek üçin ulandylar. Bu – jenaýatçylyk bilen bir hatarda durýan murdarlykdyr*» diýdi.

Elden gideren ýerlerini yzyna almak üçin, 1973-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda Müsür Ysraýyl bilen täze urşa girişýär. Müsür bilen bir wagtda Siriýa hem Golan belentliginiň sebitinde Ysraýyla garşy urşa başlaýar. Emma dördünji uruşda araplar başda azda-kände üstünlige eýe bolan hem bolsalar, doly ýeňiş gazanmak başartmady – Müsür Sinaýy yzyna alyp bilmedi. Iki ýylyň dowamynda geçirilen gepleşikleriň netijesinde Ysraýyl käbir eýelän ýerlerinden yza çekildi. 1973-nji ýylyň urşy Ysraýylda «*Ahyrzamanyň urşy*» («*Ýom Kimpur*») ady bilen taryha girdi. Ol örän gymmat düşdi – oňa 7 *mlrd* amerikan dollary harçlandy, 10 *müň* adam wepat boldy. Ysraýyl bergä batdy. Bu urşuň netijesinde 1977-nji ýylda *Mapaý partiýasy* 30 ýyllyk dolandyryşdan soň häkimiýetden çetleşdirildi. *Menahem Beginiň* baştutanlygynda sagçy-merkezçi «*Likud*» («*Jebislik*») partiýasy häkimiýete geldi.

Ysraýyl araplara garşy uruşmak üçin, kuwwatly harby-senagat toplumyny döretdi. Bu toplumda ýurduň ilatynyň 30%-i işläp, býujetiň 70%-i bu pudaga gönükdirildi. Ysraýylyň 140 *müň* adamlyk düzgün-nyzamly goşuny bar (ilatyň 10-15%-i). Her bir 18 ýaşa ýeten erkek 3 ýyl, gyzlar bolsa 22 aýlyk hökmany harby gullugy geçmäge borçludyr. 2011-nji ýylda Ysraýyl ABŞ-dan 3,029 *mlrd* dollar kömek al-

dy. Şonuň 3 *milliardy* goranmak hajatlary üçindir. Amerikan kömegi ýurduň býujetiniň 4,4%-ine, JIÖ-niň 1,2%-ine deňdir.

Ysraýyl ýewreýleriň milli döwleti hasaplanýar. Şonuň üçin bu ýere maşgalasy bilen göçüp baranlara ýardam berilýär. Ysraýylyň döwlet hökmünde ýaşap başlan ilkinji 4 aýynyň dowamynda bu ýere 50 *müň*, 1951-nji ýylyň ahyryna çenli bolsa 687 *müň* ýewreý göçüp barypdyr. Olaryň esasy bölegi arap ýurtlaryndan göçüp baranlar bolupdyr. Diňe 1950-nji ýylyň maýy – 1951-nji ýylyň ýanwary aralygynda Yrakdan 150 *müň* ýewreý Ysraýyla göçürilip getirildi. 1948–1958-nji ýyllarda Ysraýylyň ilaty 0,8 *mln* adamdan 2 *mln* adama çenli artdy. 1952–1960--njy ýyllarda Gündogar Ýewropadaky ýewreýleriniň 153 *müňüsi* Ysraýyla göçüp gelýärler. 1984–1991-nji ýyllarda Efiopiýadaky ýewreýleriň 21 *müň* töweregi açlykdan we gurakçylykdan halas etmek üçin, Ysraýyla göçürilip getirildi («*Musa*» we «*Süleýman*» *operasiýalary*). M.Gorbaçýowyň häkimiýete gelmegi hem-de ABŞ-nyň hökümetiniň gysyşy astynda SSSR-den emigrasiýa gidýänler baradaky düzgünler ýeňilleşdirildi. 1989-njy ýylyň sentýabrynda ABŞ SSSR-den gelýän ýewreý emigrantlaryny kabul etmegini bes edensoň, olar köpçülikleýin Ysraýyla tarap ýöneldiler. SSSR-iň dargamagy we Gündogar Ýewropa ýurtlarynda kommunistik düzgünleriň synmagy bilen baglanyşykly ol ýerlerde ýaşaýan 1 *milliondan* gowrak ýewreýler hem köpçülikleýin Ysraýyla göçüp bardylar. Ysraýyla göçüşlik soňky ýyllarda hem dowam etdi. 2004-nji ýylda 22 *müň*, 2005-nji ýylda 23 *müň*, 2006-njy ýylda 20 *müňe* golaý repatriant Ysraýyla göçüp geldi. Göçüp gelenleriň yzyna dolanýan wagtlary hem seýrek däl. Çünki olaryň köpüsi ata watanlarynda isleýşi ýaly ornaşyp, iş bilen üpjünçiligini gowulandyryp bilmeýärler. 2006–2008-nji ýyllarda Ysraýylyň raýatlarynyň 50 *müňüsi* Russiýa yzyna dolanyp bardylar. 2007-nji ýylda 100 *müň* ýewreý Ysraýyldan GDA ýurtlaryna yzyna göçüp gitdiler.

Ysraýyla dolanmak hakyndaky kanuna laýyklykda, ýewreý zenanyndan doglan we başga dine geçmedik ýa-da ýahudylyk dinini kabul eden, ysraýyl raýatlygy hakyndaky kanuny we knesset tarapyndan kabul edilen kanunlary kabul edýän raýatlar ýewreý diýlip hasaplanýar. 1952-nji ýylyň raýatlyk baradaky Kanunyna görä, dünýädäki ähli ýewreýlere Ysraýyla göçüp gelmäge rugsat berilse-de, olara Ysraýylyň raýatlygy däl-de, ýewreý raýatlygy berilýär. Ysraýylda ýaşaýan araplar ysraýyl raýatlary hasaplanmaýar.

1990–1997-nji ýyllarda diňe öňki SSSR-den 600 *müňden* gowrak adamyň göçüp gelmegi ýurduň ilatynyň üstüniň 12% ýokary bilimli hünärmenler bilen ýetirilmegine getirdi. Ysraýylyň ýewreý ilaty iki topara – *aşkenazlara* we *sefardlara* bölünýär. Olaryň asly Ýakyn Gündogardan we Demirgazyk Afrikadan bolup, ata-babalary Ispaniýa we Portugaliýa tarapyndan gysylyp çykarylanlardyr. Häzirki wagtda sefardlar agdyklyk edýär. Ysraýylyň asyl ýaşaýjylaryna *sabrlar* («*kaktusyň miweleri*») diýilýär. 2012-nji ýylyň ahyrynda Ysraýylda 8 *mln* ilat ýaşap, şonuň 75,4%-i ýewreý, 20,6%-i arap ilatydy. Ysraýylda dünýädäki ýewreýleriň 43,5%-i ýaşaýar.




*1948–2007-nji ýyllarda Ysraýyla ýewreý immigrasiýasy*

**Syýasy gurluşy.** Ysraýyl parlament respublikasydyr. Döwletiň başynda prezident durýar. Ysraýylyň döwlet gurluşynyň aýratynlygy onuň dörän gününden şu güne çenli konsitusiýasynyň ýokdugydyr. Konstitusiýa derek bu ýurtda dürli döwürlerde kabul edilen kanunlar hereket edýär.

Ýokary kanun çykaryjy gurama parlament bolup, oňa Ysraýylda *knesset* (120 agzasy bar) diýilýär. Prezident knesset tarapyndan 7 ýyl möhlete saýlanýar. Ýerine ýetiriji döwlet edarasy bolan hökümete premýer-ministr ýolbaşçylyk edýär. Onuň ygtyýarlyk çäkleri 4 ýyl bolup, ýekelikde hökümet agzalaryny boşatmaga ýa-da parlamenti dargatmaga hukugy ýokdur. Hökümet knessetiň öňünde hasabat berýär. Döredilen gününden bäri Ysraýylda *Golda Meýir* (1969–1974), *Ishak Rabin* (1974–1977, 1992–1995), *Menahem Begin* (1977–1983), *Ishak Şamir* (1983–1984, 1986–1992), *Şimon Peres* (1984–1986, 1995–1996), *Binýamin Netanýahu* (1996–1999, 2009 ý.bäri), *Ehud Barak* (1999–2001), *Ariýel Şaron* (2001–2006), *Ehud Olmert* (2006–2009) meşhur premýer-ministrler boldular.


*Golda Meýir*


*Ishak Rabin*


*Menahem Begin*


*Ishak Şamir*

Ysraýylda 2001–2006-njy ýyllarda *Ariel Şaron* premýer-ministr bolýar. Ol Ysraýyl döwletiniň dörän gününden başlap, ömrüniň 25 ýyldan gowragyny harby işlere bagyş eden, öz şahsy gahrymançylyklary bilen ýewreý halkynyň söýgüsini gazanan şahsyýetdir. Ol araplara garşy berk göreş alyp barmagyň tarapdarydy. Şonuň üçin onuň hökümet başyna geçmegi araplara ýaramandyr. Olar dessine Ysraýyla garşy terrorçylykly hereketlerini güýçlendirdiler. Ine, şu ýerde köpleri haýran galdyran bir syýasy waka bolup geçýär – Şaron birden alyp barýan syýasatyny üýtgedýär. 2005-nji ýylda ol araplara garşy berk göreşden ýüz öwrüp, ýewreýleriň araplara degişli bolan Gaza zolagyndan çykmalydygy barada buýruk berýär. Ýewreýleriň 8 *müňüsi* guran jaýlaryny ýykyp, Gazadan gaýtmaly bolýarlar. Şaronyň bu syýasatyna ýewreýler garşy çykýarlar. Olar Şarony araplara dönüklikde aýyplaýarlar. Ondan ýakyn egindeşleri hem ýüz öwürýärler. Şaron öz diýeninden yza gaýtmaýar. Ol ýewreýler bilen araplaryň ýaşaýan ýerleriniň arasyna beýik diwar gurdurýar. Onuň maksady ýewreýler bilen araplaryň arasyndaky gandöküşikleri azaltmakdy. Şaron 2006-njy ýylyň ýanwarynda beýnisine gan urup, keselhana düşýänçä, Ysraýylyň premýer-ministri bolýar. Ariel Şaron keselhanada 8 ýyl özüne gelmän ýatyp, 2014-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda aradan çykýar.



*Ariýel Şaron*



*Ehud Olmert*



*Binýamin Netanýahu*

Şaron keselländen soň, onuň orunbasary *Ehud Olmert* 2006-njy ýylyň saýlawlarynda ýeňip, 2006–2008-nji ýyllarda ýurduň premýer-ministri bolýar. Emma 2006-njy ýyldaky ikinji Liwan urşy döwründe goýberen ýalňyşlyklary üçin oňa garşy oppozisiýadaky partiýalaryň çykyşlary başlanýar. Netijede, ol 2008-nji ýylyň sentýabrynda möhletinden öň wezipesinden gidýär.

2009-njy ýylyň fewralynda geçen parlament saýlawlaryndan soň *Binýamin Netanýahu* premýer-ministr bolýar. Netanýahu Oslo ylalaşygyny ýerine ýetirmegiň tarapdary däldi. Ol Gündogar Iýerusalimde 160 *müň* ýewreýe niýetlenen jaý gurluşyk maksatnamasyna başlatdy. Bu ýerden palestin ilatyny göçürtdi. Iýerusalim bilen Wifleýemiň aralygyndaky Har-Homada 32 *müň* ýewreý üçin 6,5 *müň* oba gurdurdy. Binýamin Netanýahu ylmyň, tehnologiýanyň ösmegi üçin köp alada edýär. Bu pudaklara milli girdejiniň 5%-ine golaýy gönükdirilýär. Häzirki günlerde Ysraýyl döwleti ylmyň, tehnologiýanyň ösüşi boýunça dünýäde öňdäki ýurtlaryň biridir.

**Ysraýylyň ykdysadyýeti.** 1958–1968-nji ýyllarda Ysraýylda JIÖ-niň ösüşi 10% boldy. Metallurgiýa, himiýa, elektron senagatlary çalt depgin bilen ösdi. Aşdodda çuň

port guruldy. 1964-nji ýylda ýurduň demirgazygyndaky Kineret kölünden gurak günorta etraplaryny suw bilen üpjün etmek üçin, suw geçirijisi guruldy. Döredilmeginiň ilkinji 25 ýylynda çalt depginli ösüşi bilen «*ysraýyl ykdysady gudraty*» döredildi.

70-nji ýyllara çenli ýaraglanyşyga aýratyn ähmiýet berilmegi ykdysady ösüşiň düýpli öňe gitmegini bökdedi. 1985-nji ýylda ysraýyl ABŞ bilen erkin söwda barada şertnama baglaşdy. 90-njy ýyllardan başlap, Ysraýylyň ykdysadyýeti has çalt depginler bilen ösdi. 1990-njy ýylda ol JIÖ-niň jan başyna paýlanyşy boýunça dünýäde 21-nji orna geçdi. 1975-nji ýyla garanda 1997-nji ýylda goranyş üçin çykdajylar 33%-den 9%-e çenli azaldyldy. 2007-nji ýylda bu görkeziji 7,3%-e çenli kemeldi. 2009–2013-nji ýyllarda Ysraýylyň ortaça ýyllyk ykdysady ösüşi 5% boldy. Bu bolsa dünýä ykdysady çökgünliginiň täsirini hasaba alanymyzda, dünýäniň ösen ýurtlarynyň arasynda ýokary görkezijidir. 2003–2013-nji ýyllarda 10 ýylyň dowamynda Ysraýylyň JIÖ 2,5 esse artdy (15.600 dollardan 38,310 dollara çenli). 2011-nji ýylda JIÖ-niň mukdary 239 *mlrd* amerikan dollaryna barabar boldy. Bu görkeziji boýunça ol şol ýyl dünýäde 49-njy ýerde durýardy. Üçünji müňýyllygyň başynda Ysraýyl hümmetsizlenmegiň we daşarky berginiň soňuna çykdy. 2006-njy ýylda Ysraýyla 25,2 *mlrd* amerikan dollary möçberinde daşary ýurt maýasy çekildi. 1990–2010-njy ýyllarda senagat eksportynyň möçberi 6 esse artdy. 2006-njy ýylda Ysraýyl diňe almazyň eksportyndan 13 *mlrd* ABŞ dollaryny girdeji gazandy.

Ysraýyl Gün we ýel energiýasyny peýdalanmakda dünýäde 1-nji ýerde durýar. Ol ösen oba hojalygy, gaýtadan işleýiş, saglygy goraýyş ulgamyna eýedir. Ýurtda agyz suwuna ýiti mätäçlik duýulýar. Oba hojalygynda ilatyň 3,5%-i işleýär. Damjalaýyn suwaryş, ýyladyşhanalar giň ýaýrandyr. Bir ýewreý fermeri 95 adama ýeter ýaly azyk harytlaryny öndürip bilýär. Süýt berijiligi boýunça dünýäde birinji ýerde durýan sygyrlar Ysraýylda idedilýär. Syýahatçylykdan uly girdeji gazanýar. 2013-nji ýylda ýurda 3,5 *mln* syýahatçy gelip gördi. Şol ýyl ýurda bu pudakdan 11,5 *mlrd* ABŞ dollary girdeji girdi. Ysraýylyň Tiweriýa termal çeşmesi we Öli deňziniň mineral suwlary hroniki guragyry, psoriaz, demgysma keselleri bilen kesellän adamlar üçin peýdalydyr. Ysraýyl ynsan ömrüniň dowamlylygy boýunça dünýäde 4-nji ýerde durýar. Ýurduň medisina ulgamy dünýäde iň öňdebaryjylaryň hataryndadyr. Ysraýyl dünýä lukmançylyk ulgamynda giňden peýdalanylýan kompýuter tomografiýa, magnit-rezonans tomografiýa, ultrases skaner enjamlaryny, gamma-kameralaryny, hirurgiýa lazerlerini öndürýär we eksport edýär. Ol aragatnaşyk ulgamynda hem öňdebaryjy tehnologiýalara eýedir. Ysraýyl ylmy makalalaryň jan başyna paýlanyşy boýunça dünýäde birinjiligi eýeleýär. Ol ilatyň jan başyna paýlanyňda alymlaryň sany we hasaba alnan ygtyýarnamalar, kompýuterleriň, muzeýleriň sany (ýurtda 200-den gowrak muzeý bar), Nobel baýragynyň laureatlary boýunça dünýäde öňdeligi eýeleýär.

**Palestina.** Palestina araplary BMG-niň Baş Assambleýasynyň Palestinada iki döwletiň döredilmegine garşy bolup, 1947-nji ýylda araplaryň döwletiniň döredilmegine niýetläp beren ýerlerine-de eýelik edip bilmediler. 1949-njy ýylda palestina

bosgunlaryna kömek bermek üçin, BMG-niň Ýakyn Gündogar bölümi döredildi. 1956-njy ýylda arap-ysraýyl urşunyň tutaşmagy bilen, BMG-niň adatdan daşary harby güýçleri döredildi. Emma BMG-niň tagallasy bilen Ýakyn Gündogar meselesini doly düzgünleşdirmek entek doly başardanok.

1964-nji ýylda *Palestinany halas ediş fronty* (*PHEF*) döredildi. 1969-njy ýylda onuň baştutanlygyna gelen *Ýasir Arafat* Palestinadaky arap döwletini halkara derejesinde ykrar etdirmek barada kän tagalla etdi.



***Ýasir Arafat** (1929–2004) – Palestinanyň döwlet we syýasy işgäri. Kair uniwersitetini inžener hünäri boýunça tamamlady. 1957-nji ýylda «Palestinany halas etmek hereketini» (FATH, ýagny «ýeňiş» manysynda) esaslandyrdy. 1964-nji ýylda Arap döwletleriň ligasynyň serişdeleriniň hasabyna «Palestinany halas ediş guramasy» döredildi. 1969–2004-nji ýyllarda Palestinany halas ediş guramasynyň başlygy. 1993-nji ýylyň 13-nji sentýabrynda Ysraýylyň premýer-ministri Ishak Rabin bilen Oslo ylalaşygyna gol çekdi. Onuň netijesinde Palestina milli administrasiýasy döredildi. 1994-nji ýyldan başlap, Palestina milli administrasiýasynyň başlygy (prezidenti). Parahatçylyk boýunça Nobel baýragynyň eýesi (1994).*

Emma PHEF Ysraýyly resmi taýdan ykrar etmedi. PHEF-niň guramaçylyk we harby düzümi 1970-nji ýyldan başlap, Liwanda ýerleşdi. Ony ýok etmek üçin, Ysraýyl 1982–1985-nji ýyllarda Liwana goşun saldy. Kuweýti basyp alan pursadynda Yragyň tarapyny tutmagy Ýasir Arafatyň abraýyny peseltdi. 1987-nji ýyldan başlap, araplar Iordanyň günbatar kenarýakasyndan we Gaza zolagyndan Ysraýylyň doly çekilmegini talap edýän çykyşlaryny güýçlendirdiler.

1988-nji ýylyň 15-nji noýabrynda Arafat araplaryň Palestinadaky döwletiniň döredilýändigini, onuň paýtagtynyň Günbatar Iýerusalim şäheridigini jar etdi. Emma anyk çägi we serhedi bolmansoň, entek bu gury jar etmedi. Günbatar Iýerusalim Ysraýyl



*Ishak Rabin, Bill Klinton we Ýasir Arafat, 13-nji sentýabr 1993. Waşington.*



*Şimon Peres*

tarapyndan eýelenipdi. Iş ýüzünde Palestinanyň merkezi şäheri *Ramalla* şäheri bolmagynda galýar. 1992-nji ýylda Ysraýylyň premýer-ministri *Ishak Şamir* Ýakyn Gündogar boýunça Madrid maslahatynda arap ýurtlarynyň liderlerine ilkinji gezek resmi ýüzlenip, ähli gyzyklanýan taraplaryň gatnaşmagynda geçiriljek parahatçylykly gepleşikleriň netijesinde öz eýelän ýerlerindäki araplaryň meselesini çözmäge taýýardygyny aýtdy. Şol pursatdan başlap, Ysraýylyň, Müsüriň, Iordaniýanyň, ABŞ-nyň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda PHEF bilen Ysraýylyň arasynda ikitaraplaýyn gepleşikleri geçirmekde köp iş edildi. 1993-nji ýylyň 20-nji awgustynda *Şimon Peres* we *Mahmud Abbas* Osloda möhüm gizlin ylalaşyga gol çekdiler. 1993-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda Ishak Rabin we Ýasir Arafat geljekki ylalaşygyň ýörelgelerini diplomatiki ýollar arkaly ylalaşdylar. 1993-nji ýylyň 13-nji sentýabrynda Waşingtonda ABŞ-nyň prezidenti Bill Klintonyň gatnaşmagynda Ishak Rabin we Ýasir Arafat Ysraýylyň we PHEF-iň arasyndaky gatnaşyklaryň ýörelgeleri baradaky bilelikdäki Jarnama gol çekdiler. Resminamanyň özüne Şimon Peres we Mahmud Abbas gol çekdiler. Jarnama ABŞ-nyň Döwlet sekretary Uorren Kristofer we Russiýanyň DIM-i Andreý Kozyrew tarapyndan şaýatlyk edilip tassyklanyldy.

Waşington ylalaşygyna laýyklykda, *Palestina milli administrasiýasy* (PMA) döredilip, Gaza zolagyna we Iordan derýasynyň günbatar kenarýakasyndaky käbir ýerlere gözegçilik onuň garamagyna berildi. Ysraýyl we PHEF biri-birini ykrar etdiler. 1993-nji ýylyň sentýabrynda Norwegiýanyň daşary işler ministriniň howandarlygy astynda Osloda Ysraýylyň we PHEF-iň wekilleriniň arasynda bolan gepleşiklerde:

1. Gaza zolagy we Iýerihon PHEF-iň garamagyna berildi;

2. PHEF öz hartiýasyna üýtgetme girizmäge, ýagny Ysraýylyň ýaşamaga hakynyň ýokdugy baradaky bendi aýyrmaga, terrorçylykly hereketleri bes etmäge razylaşdy;

3. Ysraýyl öz gezeginde PHEF-i palestin halkynyň wekili hökmünde kabul etdi.

Oslo ylalaşygyna gol çekilensoň, Gaza zolagynyň ysraýyl ilatly ýerlerini tutýan 12%-inden galany Palestina milli administrasiýasyna (PMA) berildi. Iordan derýasynyň günbatar kenarýakasy A, B, C zolaklara bölündi. A zolak PMA-nyň doly raýat we harby (polisiýa) gözegçiligine berildi. Oňa arap ilatly ýerleriniň köp bölegi girdi. B zolak Ysraýylyň we PMA-nyň bilelikdäki harby gözegçiligine, PMA-nyň raýat dolandyryşyna berildi. C zolak bolsa Ysraýylyň bölekleýin raýat dolandyryşyna, tutuşlygyna bolsa harby gözegçiligine berildi. Şeýlelikde, Iordan derýasynyň günbatar kenarýakasynyň 18% çägi (bu ýerde sebitiň palestin ilatynyň 55%-i ýaşaýardy) A zolaga, 21% çägi (ilatynyň 41%-i), B zolaga, 61% çägi (ilatynyň 4%-i) C zolaga berildi.

Siriýa bilen Ysraýylyň arasynda jedelli meseleleri aradan aýyrmak boýunça resmi däl gepleşikler geçirilýär. Emma entek bu Palestina meselesiniň gutarnykly çözgüdi däldi. Palestina döwletini dünýä döwletleri doly ykrar etmediler.

1996-njy ýylda HAMAS partiýasy tarapyndan Iýerusalimde, Tel-Awiwde geçirilen terrorçylykly hereketlerden soň arap-ysraýyl gatnaşyklary ýene dartgynlaşdy. 1999-njy ýylyň sentýabrynda Şarm-al-Şeýhde memoranduma gol çekilensoň, taraplaryň arasyndaky gepleşikler gaýtadan dikeldildi. 1996-njy ýylyň saýlawlarynda ýeňiş gazanyp, hökümet baştutany, *Awod (Zähmet)* partiýasynyň lideri *Şimon Peresi* çalşan sagçy *Likud («Jebislik»)* partiýasynyň lideri *Binýamin Netanýahu* Palestina babatdaky syýasatyny «Üç sany ÝOK» syýasatynda jemledi. Ol şu üç sowala jogap meselesinde kesgitli «ýok» sözüni aýtdy:

1. Palestina döwletini döretmäge – ýok;
2. Iýerusalimi bölmäge – ýok;
3. Ysraýylyň Golandan gitmegine – ýok.

Emma Netanýahu saýlawlaryň öňündäki bu sözlerine düzediş girizip, araplar babatda eglişikli syýasat alyp barmaly boldy. 1998-nji ýylyň noýabrynda ABŞ-nyň araçyllygynda Ysraýyl täze ylalaşyga gol çekdi – «*ýer bermegiň öwezine parahatçylyk*» atly şygar bilen kem-kemden Palestina bilen ylalaşmaga girişdi. Ishak Rabin (ol ýewreý fanatigi tarapyndan öldürildi), Binýamin Netanýahu, Ehud Barak hem berk gözegçilik esasynda Iordan derýasynyň günbatarsynda araplara ýerleşmäge rugsat bermek syýasatyny alyp bardylar. Ysraýyl Iordan derýasynyň günbatar kenarýakasynyň 13%-inden goşunlaryny çykardy. Şeýlelikde, Palestina bu ýeriň 40%-ini öz gözegçiligine aldy.

Iki asyryň sepgidinde Palestina döwletini döretmek we Ysraýylyň howpsuzlygyny üpjün etmek barada iki tarapyň arasynda birnäçe gezek gepleşikler geçirildi. Bu gepleşiklerde Ýasir Arafat bilen Ysraýylyň öňki hökümet ýolbaşçysy *Ehud Barak* 1999-njy ýylda 2000-nji ýylyň ahyryna çenli iki tarapyň arasyndaky dawaly ýerleri çözmek we Palestina döwletini döretmek barada ylalaşdylar. Emma gepleşiklerde Ehud Baragyň talap edýän ýerlerini bermäge Palestina tarapy düýbünden garşy çykdy. ABŞ-nyň prezidentiniň araçy bolup geçirýän bu gepleşikleri netijesiz gutardy. Araplar Ehud Barakdan Ysraýylyň halky hem Ýasir Arafat bilen gepleşikleri bes etmegi talap etdiler. Onuň geçirýän gepleşiklerinden närazylyklar netijesinde indiki saýlawlarda Ehud Barak ýeňiş gazanyp bilmedi. 2001-nji ýyldan başlap palestinalylar bilen berk göreşmegiň tarapdary bolan *Ariel Şaron* Ysraýylyň premýer-ministri bolýar. Onuň döwründe arap-ysraýyl gepleşikleri bes edilýär. Ýöne öňde bellenilişi ýaly, Şaron 2005-nji ýylda araplara garşy berk göreşmekden ýüz öwürýär.

Görşümiz ýaly, 2000-nji ýyldan başlap, arap-ysraýyl gatnaşyklary ýene dartgynlaşdy. 2001–2002-nji ýyllarda palestinalylar «*intifada*» taktikasyna geçdiler – Ysraýyla şehit bolmaga taýyn terrorçylary ugradyp başladylar. Emma müňlerçe parahat ilatyň ýogalmagyna getirýän «*şehitleriň urşy*» palestina meselesiniň çözgüdi däldir.

Ysraýyl araplaryň terrorçylygyny bes etdirmek üçin, Ýasir Arafaty Ramalla şäherinde öz rezidensiýasynda öý tussaglygyna sezewar etdi. Şeýle şertlerde Ýasir Arafat 2004-nji ýylda aradan çykdy.

2003-nji ýylda Ysraýyl öz çägini Günbatar kenardan bölýän *howpsuzlyk diwaryny* galdyrdy. BMG-niň Halkara kazyýeti bu diwaryň gurulmagyny halkara huku-

gynyň bozulmagy diýip hasaplaýar. Bu karary BMG-niň Baş Assambleýasy hem goldady. 2005-nji ýylyň awgustynda Ysraýyl Gaza zolagyny, Samariýanyň demirgazygynda 5 sany ilatly nokady araplara gaýtaryp berdi.




*«Howpsuzlyk diwarynyň» Palestina tarapyndaky bir bölegi*

Araplaryň, aýratyn-da, «*Hamas*» radikal hereketi Ysraýyla garşy terrorçylykly hereketlerini güýçlendirdi. «Hamasy» birnäçe dünýä döwletleri terrorçy gurama hasap edýärler. 2005-nji ýylda araplara degişli bolan birnäçe obalardan ýewreýleriň çykarylmagyny «Hamas» öz ýeňşi hasaplady.

2006-njy ýylyň Palestinanyň kanun çykaryjy geňeşine saýlawlarda «Hamas» hereketi ýeňiş gazandy. «Hamas» Ysraýyl döwletini doly ýok etmegi ündeýärdi. Ol Palestinanyň milli administrasiýasynyň ýolbaşçysy Mahmud Abbasa boýun egmän başlady. Ysraýyl bilen ylalaşmagyň tarapdarlaryny yzarlady. Şonuň üçin bu guramanyň saýlawlarda ýeňiş gazanmagy Ysraýyla ýaramady. 2007-nji ýylyň iýunynda ýaragly agdarylyşygyň netijesinde «Hamas» Gaza zolagynda häkimiýeti doly eýeledi. Palestinanyň iki böleginiň arasynda raýatara urşy boldy. Uruş netijesinde «Hamas» Gazany bölüp aýyrdy. Ol PMA bilen Ysraýylyň arasynda öz ýaragly güýçlerini ýaragsyzlandyrmak baradaky ylalaşygy ýatyrdy. Muňa jogap edip, ABŞ we Ýewropa Bileleşigi Hamas hökümetini ykdysady gabawa sezewar etdiler. PMA-nyň başlygy Mahmud Abbas hökümeti ýatyrdy we awtonomiýanyň çäginde adatdan daşary ýagdaýy girizdi. Şeýlelikde, PMA iki ganata bölündi – Abbasyň tarapdarlary Iordan derýasynyň günbataryndaky ýerleri, Hamas bolsa Gaza zolagynda täsirini sakladylar. Şol ýylyň oktýabrynda Ysraýyl Gaza zolagyny «duşmançylykly döwlet birleşmesi» diýip yglan etdi hem-de oňa garşy bölekleýin ykdysady gabawy ulandy. Ysraýyl Gaza zolagynyň günortasyndaky Müsüriň gözegçiligindäki «*Filadelfiýa koridoryndan*» başga, bu çägiň ähli howa giňişligine we kenarýaka sebitine, şeýle hem onuň ilatynyň daşky dünýä bilen gatnaşygyna, ondan-oňa süýşmegine, söwdasyna gözegçiligi elinde saklaýar. «Hamas» Ysraýyla garşy hereketlerini bes etmedi. 2008-nji ýylyň ahyrynda – 2009-njy ýylyň başynda Ysraýyl Gaza zolagynda «*Guýma gurşun*», 2014-nji ýylyň iýul–awgustynda «*Sarsmaz gaýa*» atly harby operasiýalaryny amala aşyrdy. Emma ol Hamas düzgüniniň soňuna çykyp bilmedi.

Iordan derýasynyň günbatarynda Fath guramasynyň lideri *Mahmud Abbas* Palestina awtonomiýasynyň baştutany bolmagynda galýar. Ol «Hamasy» terrorçy gurama diýip yglan edýär.



***Mahmud Abbas** (1935-nji ýylda doglan) – Palestin syýasatçysy, bölekleýin ykrar edilen Palestina döwletiniň prezidenti. FATH hereketiniň ýolbaşçysy. Damask uniwersitetiniň hukuk fakultetini hem-de SSSR-de Patris Lumumba adyndaky Halklaryň dostlugy uniwersitetiniň aspiranturasyny tamamlady. 11 sany kitabyň awtory. Arafat aradan çykansoň, 2005-nji ýyldan başlap, Palestina milli administrasiýasynyň (PMA) başlygy. 2013-nji ýylyň 5-nji ýanwarynda Abbas PMA-ny Palestina Döwleti diýip üýtgetmek barada karar çykardy. Şol günden bäri Palestina döwletiniň prezidentidir.*

Mahmud Abbas 2011-nji ýylda BMG-niň Baş sekretary Pan Gi Muna Palestina döwletini agzalyga kabul etmek barada resmi arza bilen ýüzlenýär. Emma BMG-niň Howpsuzlyk geňeşi Palestinany agzalyga kabul etmeýär. Mahmud Abbas BMG-niň Baş Assambleýasyna ýüz tutup, Palestina halkara guramasynda synçy döwlet derejesiniň berilmegini soraýar. 2012-nji ýylyň 29-njy noýabrynda Baş Assambleýada sese goýlanda sesleriň köplügini alyp, Palestina synçy döwlet derejesini alýar. Elbetde, BMG-niň bu kararyny Ysraýyl, ABŞ we dünýäniň birnäçe iri döwletleri ykrar etmediler. 2014-nji ýylda Palestina 15 sany halkara guramasyna agzalyga kabul etmek barada arza bilen ýüz tutdy. Palestinanyň birtaraplaýyn hereketleri onuň Ysraýyl bilen gatnaşyklaryny has-da çylşyrymlaşdyrýar. Şeýlelikde, Palestina döwletiniň döremegi meselesi 2017-nji ýyla çenli doly çözülmedi. Onuň Ysraýyl bilen serhetleri doly anyklanmady.



*Goýy ýaşyl reňkde – Palestina döwletiniň garaşsyzlygyny ykrar eden we diplomatik gatnaşyklary ýola goýan, solak ýaşyl reňkde bolsa onuň garaşsyzlygyny ykrar eden, ýöne diplomatik gatnaşyklary ýola goýmadyk döwletler*

**Türkmen-ysraýyl hyzmatdaşlygy.** Iki döwletiň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1993-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda ýola goýuldy. Ysraýylyň «Merhaw» kompaniýasy Türkmenistanda ýangyç-energetika toplumynda birnäçe taslamalary amala aşyrdy. Ysraýylyň Halkara hyzmatdaşlygy Merkeziniň ugry boýunça türkmen hünärmenleriniň ençemesi Ysraýylda oba hojalygy, işewürlik, ylym we tehnologiýalar boýunça öz hünärlerini kämilleşdirdiler. Çölleri öwrenmek boýunça iki ýurduň alymlarynyň arasynda hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Türkmenistanda Ysraýylyň lukmançylyk, damjalaýyn suwaryş, ýyladyşhanalary gurmak babatdaky tejribesi öwrenilip, ulanyşa girizilýär.

**Türkmen-palestin gatnaşyklary.** 1992-nji ýylyň 17-nji aprelinde iki döwletiň arasynda diplomatik gatnaşyklary ýola goýuldy. 2016-njy ýylyň 14-nji noýabrynda Palestina döwletiniň prezidenti Mahmud Abbasyň Türkmenistana ilkinji resmi sapary boldy. Saparyň barşynda iki döwletiň Baştutanlarynyň Bilelikdäki Beýannamasyna, ykdysady hyzmatdaşlyk hakynda hökümetara Ylalaşygyna; Ýokary bilim babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Palestina döwletiniň Hökümetiniň arasynda Özara düşünişmek barada Ähtnama; Syýahatçylyk babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Palestina Döwletiniň Hökümetiniň arasynda Özara düşünişmek barada Ähtnama; Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi bilen Palestinanyň Maýa goýumlara ýardam etmek agentliginiň arasynda Özara düşünişmek barada Ähtnama; Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy bilen Palestina Döwletiniň Söwda edarasynyň arasynda Özara düşünişmek barada Ähtnama gol çekildi. 2016-njy ýylyň 15-nji noýabrynda Aşgabatda Palestina döwletiniň Ilçihanasy açyldy.

♦ Injil rowaýatlaryna görä, Hudaý Musa pygamberi öz halkyny Müsürden ata-babalary tarapyndan wesýet edilen mukaddes topraga dolap getirmek üçin saýlapdyr. Musa öz halky bilen Sinaý çölünde 40 ýyllap sergezdançylyk edensoň, oňa Töwrat kitaby inýär.

♦ **Sion** – Iýerusalimiň depeleriniň biriniň ady bolup, ol şäheriň simwoly hasaplanypdyr.

♦ **Kibbus** – Ysraýylda oba hojalyk jemagaty. Olarda fermer önümleriniň 16%-i öndürilýär.

♦ **Moşaw** – Ysraýylda oba hojalyk kooperatiwleri.

♦ 1896-njy ýylda **Teodor Gersl «Ýewreý döwleti»** diýen kitabyny neşir etdirip, onda bu geljekki döwlet baradaky garaýyşlaryny giňden beýan edipdir.

♦ XIX asyryň ahyrynda dünýädäki iň uly ýewreý jemagaty Russiýada ýaşap, olaryň sany 5 *mln* adama ýetipdir.

♦ **Palestina** rimliler tarapyndan ilkinji gezek ulanylan **«Filistiýa»** sözünden gelip çykypdyr, araplar bu ýere **«Kengan»** diýip at beripdirler.

♦ **Ak kitap** – Angliýa tarapyndan 1939-njy ýylda neşir edilen, ýewreýleriň Palestina gelmegini berk çäklendirýän kitaby.

♦ Ikinji Jahan urşy ýyllarynda 26 *müň* ýewreý meýletinçisi Beýik Britaniýanyň tarapynda faşistik Germaniýa garşy göreşe gatnaşdy.

♦ Ysraýylyň häzirki tutýan meýdany 22,145 *müň* inedördül km. Käbir çeşmelerde Ysraýylyň araplaryň ýaşaýan ýerlerinden 63 *müň* inedördül km ýeri eýeländigi aýdylýar. **Çeşme:** *Корявин Л.* Минареты и небоскребы (заметки о Ближнем Востоке). –М, : «Известия», 1973, – С.53.

♦ Soňky maglumatlara görä, dünýäde 13 *mln* ýewreý bolup, şonuň 41%-i Ysraýylda ýaşaýar. **Çeşme:** Факты об Израиле. – Иерусалим, 2010. – С.358.

♦ Ysraýylyň **Haýfa şäheri Bahaýi dininiň ruhy merkezi hasaplanýar**. Bu ýerde bu dini esaslandyryjy Seýid Aly Muhammet Şirazynyň kümmedi bar.

♦ Ysraýylda Konstitusiýa we döwletiň yglan edilen serhetleri ýokdur.

♦ Ysraýylda hepde ýekşenbe gününden başlanýar.

♦ Ysraýyl lukmançylyk enjamlaryna patentler boýunça dünýä lideridir.

♦ **Fleşka (Disk-on-key)** Ysraýylda oýlanylyp tapylan önüm. Ol ilkinji gezek 2000-nji ýylda M-Systems ysraýyl kompaniýasy tarapyndan ýasalyp, dessine uly söwda islegine eýe boldy. Bu haryt bu günki günde maglumatlary saklamak we daşamak üçin iň amatly we zerur serişdä öwrüldi.

♦ Şwesiýadan soňra dünýäde iň ýokary salgytlar Ysraýyl döwletindedir.

♦ **Golda Meýir** (1898–1978) – Ysraýylyň syýasy we döwlet işgäri, Ysraýylyň 5-nji premýer-ministri, içeri işler, daşary işler, zähmet we durmuş üpjünçiligi ministrleri. MAPAI sosial-demokratik partiýasynyň Baş sekretary. 1972-nji ýyldan başlap wise-prezident, 1976-njy ýyldan başlap Sosialistik internasionalyň hormatly prezidenti.

♦ **Ishak Rabin** – Ysraýylyň syýasy we harby işgäri, 6-njy we 11-nji premýer-ministri. Nobel baýragynyň eýesi (1994). Ultraçepçi ekstremist Igal Amir tarapyndan öldürildi. **«Ýaraşyk – duşmanyň bilen baglaşylýar»** diýen sözleri bilen meşhurdyr.

♦ **Mehahem Begin** – Ysraýylyň syýasy işgäri, 7-nji premýer-ministri (1977–1983). Nobel baýragynyň eýesi (1978). 9 sany dili bilipdir.

♦ **Ishak Şamir** – Ysraýyl syýasatçysy, 8 we 9-njy premýer-ministr. Knessetiň başlygy, içeri işler ministri boldy. Ysraýylyň Mossad gizlin aňtaw gullugynda ýokary wezipelerde işledi. **«Eglişik etmeli däl. Ýurduňy satmaly däl. Irde ýa-da giçde ýewreý halky bu ýerlere dolanyp geler. Biz muny ýadymyzda saklamalydyrys», «Ýer togalagynyň bu künjeginde ýewreýler hem, araplap hem baky ýaşarlar»** diýen sözleri bilen meşhurdyr.

♦ **Şimon Peres** (1923–2016) – Ysraýylyň syýasy karýerasy 70 ýyl dowam eden syýasy we döwlet işgäri, 9-njy we 12-nji premýer-ministri (1984–1986 we 1995–1996). Awoda partiýasyny esaslandyryjylaryň biri, onuň uzak ýyllyk lideri (1977–1992, 1995–1997, 2001, 2003–2005). Ysraýylyň 9-njy prezidenti (2007–2014). 12 sany hökümetde ministr kürsülerini eýeledi (iki gezek goranmak, 1974–1977 we 1995–1996; üç gezek daşary işler, 1986–1988, 1992–1995 we 2001–2002; içeri işler, 1984; maliýe, 1988–1990; aragatnaşyk, 1970–1974; ulag, 1970–1974; absorbsiýa,1969–1970;

Negewi we Galileýany ösdürmek, 2005–2007; sebitleri ösdürmek, 1999–2001; din işleri boýunça, 1984; habarlar we Ysraýyl diasporasy ministrleri, 1974). Ysraýylyň atom bombasyny dörediji. **«Ýewreýligiňe gal, adamlygyňa gal!»** diýen sözleri bilen meşhurdyr.

♦ **Ehud Barak** – Ysraýylyň harby we syýasy işgäri, Baş karargähiň başlygy (1991–1995), premýer-ministri (1999–2001). Awoda partiýasynyň lideri (1997–2001, 2007 ý.başlap). Ysraýyldaky ýewreý uniwersitetini fizika-matematika ugrundan, Stenford uiwersitetini ykdysadyýet ugrundan tamamlady.

♦ **Ariýel Şaron** – Ysraýylyň harby, syýasy we döwlet işgäri, premýer-ministri (2001–2006), daşary işler (1998–1999), milli infrastruktura (1996–1998), gurluşyk (1990–1992), söwda we senagat (1984–1990), goranmak (1981–1983), oba hojalyk (1977–1981) ministrleri.

♦ **Ehud Olmert** – Ysraýylyň syýasy we döwlet işgäri, 16-njy premýer-ministri (2006–2008). Maliýe (2005–2006), söwda we senagat (2003–2006) ministrleri. Iýerusalimiň meri (1993–2003).

♦ Ysraýylyň prezidentleriniň arasynda alymlar, taryhçylar, ýazyjy-şahyrlar, diplomatlar, generallar, adwokatlar, işewürler hem bar.

♦ **Golan belentliginde 17 *müňden* gowrak ysraýylly ýaşaýar.**

♦ **Negew çöllügi** Ysraýylyň ýarsyny diýen ýaly tutup, ol ilatlaşmadyk diýen ýalydyr.

♦ 1993–2002-nji ýyllar aralygynda Palestin awtonomiýasynda her bir palestinlä hasaplanyňda 1330 ABŞ dollary bölünip berildi. Deňeşdirmek üçin, häziki kursa öwreniňde Marşallyň meýilnamasy boýunça her bir ýewropaly diňe 272 amerikan dollaryny kömek alypdy.

♦ **Ysraýyl bölüji zolagy (howpsuzlyk diwary)** – Ysraýyly Iordan derýasynyň günbatar kenarýakasyndaky ýerlerden (taryhy Iýudeýa we Samariýa) bölýän diwar, uzynlygy 703 km bolup, onuň 10%-i beýikligi 8 metre ýetýän diwardan, galany 60 metr inlilikdäki bölüji zolakdan ybaratdyr. Diwary gurmak pikirini ilkinji bolup 1992-nji ýylda Ishak Rabin öňe sürdi. Ilkinji bölegi 1994-nji ýylda guruldy. Doly gurluşygyna 2003-nji ýylda Ariýel Şaron tarapyndan başlanyldy. Gurluşyk üçin palestin hususy ýerleriniň 160 inedördül kilometri konfiskasiýa edildi.

♦ **Džeýms Rassel Louell, amerikan diplomaty, şahyry, pedagogy:**
«Gutulgysyz boljak zatlar hakda jedelleşmegiň haýry ýok. Gündogardan geljek ýeke-täk delil – öwüsgin biziň hemmämizi possun geýmäge mejbur eder».

♦ **Teodor Gersl:** «Eger-de men kongresiň jemini jemlemeli bolsam (men olary çap etmezlige çalyşdym), ol şeýleräk görnüşde bolardy: «Men Bazelde ýewreý döwletini dörетdim». Eger-de men bu netijäni sesli aýdan bolsam, meniň üstümden gülerdiler. Emma, mümkin ýene 5 ýyldan, gürrüňsiz ýene 50 ýyldan munuň hakykatdan hem şeýledigini her kim görer».
**Çeşme:** *Герцль Т.* Еврейское государство. // Электронный ресурс – http//www.heblit.org.

♦ **Lord Artur Balfur, Beýik Britaniýanyň 1916–1919 ýý. daşary işler ministri:** «Biziň nebite bolan elýeterligimizi üpjün etjek dolandyryş ulgamynyň nähili boljakdygynyň meniň

üçin asla ähmiýeti ýok, emma men şol elýeterliligiň biziň üçin näderejede durmuşy möhümligine ynanýaryn».

**Çeşme:** *Багдасаров С.* Ближний Восток. Перезагрузка. – М., 2016, – С.16.

♦ «Men siziň ýanyňyza bir elimde zeýtun şahasy, beýleki elimde azatlyk ugrunda göreşijiniň ýaragy bilen geldim. Zeýtun şahajygynyň meniň elimden gaçmagyna mümkinçilik döretmäň». – **Ýasir Arafatyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisinde 1974-nji ýylyň 13-nji noýabrynda eden çykyşynda Ysraýyla ýüzlenip aýdan sözlerinden.**

## §2. Iordaniýa



***Iordaniýa Haşimit patyşalygy** (Al-Mamlýaka al-Urduniýa al-Haşimiýa), Ýakyn Gündogarda, Aziýanyň günbatarsynda ýerleşen döwletdir. Tutýan meýdany 96,188 müň inedördül km, ilaty 9,5 mln gowrak adam (2016 ý.). Demirgazykda Siriýa, Gündogarda we Demirgazyk-Gündogarda Yrak, Günorta-Gündogarda we Günortada Saud Arabystany, Günbatarda we Demirgazyk-Günbatarda Ysraýyl bilen araçäkleşýär. Günorta-Günbatarda Gyzyl deňziniň Akaba aýlagynyň suwy bilen ýuwulýar. Ýurduň çäginiň 90%-ini çöller we ýarym çöller tutýar. Paýtagty – Amman şäheri.*




1946-njy ýylyň 25-nji maýynda ýurt garaşsyzlygyny gazanyp, häzirkisi ýaly *Iordaniýa Haşimit Patyşalygy* diýlip atlandyrylyp başlandy. 1947-nji ýylyň 1-nji fewralyndaky konstitusiýa laýyklykda, korola çäklendirilmedik ygtyýarlyklar berildi. 1946, 1948-nji ýyllaryň şertnamalary boýunça ýurtda iňlisleriň täsiri saklanyp galanam bolsa, 1957-nji ýylda olar ýatyryldy we ýurtdan iňlis goşunlary çykaryldy. 1948-nji ýylyň 15-nji maýynda Ammanda Beýik Britaniýa bilen baglaşylan 20 ýyllyk şertnama täze döwletiň Ýakyn Gündogardaky ýagdaýyny has berkitdi. Angliýa 150 *müň* adamlyk goşunyny bu ýerden çykardy. Emma ol uruş ýa-da harby howp döränhalatynda iordan çäginden goşunlaryny erkin geçirmäge hukugy özünde galdyrdy. 1951-nji ýylyň fewralynda Iordaniýa amerikan kömegini bermek barada ylalaşyga gol çekildi. Ol 1957-nji ýylda ABŞ-nyň ykdysady we tehniki ýardamy baradaky şertnama bilen çalşyryldy. Şol ýylda ýurtdan iňlis goşuny doly çykaryldy.

1951-nji ýylyň 20-nji iýulynda korol Abdallah al-Aksa metjidiniň girelgesinde terrorçylar tarapyndan öldürilýär. Onuň tagta geçen ogly Talalyň ýerini 1952-nji ýylyň awgustynda beýleki ogly *Hüseýin* çalyşýar. Ol kämillik ýaşyna ýetýänçä, ýurdy onuň adyndan regentler dolandyrdy. 1953-nji ýylyň 2-nji ma-




*Hüseýin I*

ýynda ol tagta çykyp, *Hüseýin I* ady bilen 46 ýyl çemesi hökümdarlyk etdi.

60-njy ýyllarda Iordaniýa sosialistik lageriň ýurtlary bilen gowy gatnaşyklary saklady. Ol 1963-nji ýylyň 21-nji awgustynda SSSR bilen, soňra sosialistik ýurtlaryň köpüsi bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy. 1965-nji ýylda Iordaniýa bilen Saud Arabystanynyň arasynda Akaba portunyň etrabynda serhetleri üýtgetmek hakynda ylalaşyk gazanyldy. Iordaniýa Saud Arabystanyndan 12 km çäkdäki deňiz ýakasyny satyn almak bilen Gyzyl deňzine çykalga gazandy. 1967-nji ýylda Iordaniýa Müsür bilen harby ylalaşyk baglaşdy, tizara oňa Yrak hem goşuldy.

Birinji arap-ysraýyl urşy Iordaniýanyň ykdysadyýetine agyr zarba urdy. 60-njy ýyllarda Iordaniýa ilki ýediýyllyk, soňra bäşýyllyk meýilnamalar boýunça özüniň ykdysadyýetini ösdürdi. Ýurduň daşary ýurt maýasyna garaşlylygyny azaltmaga gönükdirilen çäreler durmuşa geçirildi. Şol döwürde diňe ABŞ-dan Iordaniýa ýylda 40 *mln* dollar kömek we karz berilýärdi. 1965-nji ýylda işçileriň hukuklaryny giňeltmek, syýasy tussaglaryň we emigrantlaryň günäsini geçmek barada kanunlar kabul edildi. 1967-nji ýylyň arap-ysraýyl urşunda Ysraýyl Iordaniýanyň 5,9 *müň* inedördül km çägini eýeledi. Ol Iordan derýasynyň günbatar kenarýakasynda ýerleşen, ýurduň ykdysady babatda ösen etraplarydy. Bu ýerlerde ähli işlenip bejerilýän ýerleriň dörtden biri, senagat kärhanalarynyň ýarpysy ýerleşendi. Palestinadan ýene 300 *müň* bosgun Iordanyň gündogar kenarýakasyna göçüp gelip, Iordaniýadaky palestin bosgunlarynyň sany jemi 800 *müň* adama ýetdi. Bu ýurduň ykdysady ýagdaýyny agyrlaşdyrdy. Arap ýurtlarynyň arasyndaky *Hartum ylalaşygyna* laýyklykda, Liwiýa, Kuweýt we Saud Arabystany Iordaniýa kömek berdiler. 1970-nji ýylyň sentýabryndan başlap, Iordaniýa öz çäginde ýerleşen palestina partizanlaryny goldamagyny bes edensoň, Liwiýa onuň bilen gatnaşyklaryny kesdi hem-de oňa kömek bermesini goýdy. Iordaniýa Kuweýt tarapyndan hem kömek berilmegi kesildi. 1971-nji ýylyň iýulynda Iordaniýa palestinalylaryň harby bazalaryny ýok edensoň, olar beýleki arap döwletleriniň çäklerine geçdiler. 1972-nji ýylyň martynda korol Hüseýin Iordan derýasynyň iki kenaryny hem-de Iýerusalimiň gündogaryny öz içine alýan «*Birleşen arap patyşalygyny*» döretmek pikirini öňe sürdi. Arap döwletleriniň köpüsi ony Ýakyn Gündogar meselesiniň adalatly çözülmegine päsgel berýän hökmünde ýazgardylar.

Iordaniýa 1955-nji ýyldan bäri BMG-niň, 1945-nji ýyldan bäri Arap döwletleriniň ligasynyň, Yslam konferensiýasy guramasynyň, Goşulmazlyk hereketiniň, Bütindünýä söwda guramasynyň, Erkin söwda barada panarap ylalaşygynyň hem-de beýleki halkara we sebitara guramalarynyň agzasydyr. Iordaniýa Ýakyn Gündogar dawalaryny düzgünleşdirmäge işjeň gatnaşýar.

Iordaniýa fosfata baýdyr. Dag-magdan, sement, nebiti gaýtadan işleýän senagatlary, hyzmat pudagy ösendir. 1982-nji ýylda mineral dökünler zawody işläp başlady. 80-nji ýyllarda daşary ýurtlardan gelýän kömegiň we karzyň hasabyna ýurt çalt depginler bilen ösdi. 1984-nji ýylda Saud Arabystanyndan, Kuweýtden we nebit öndüriji arap döwletlerinden 1 *mlrd* dollar möçberinde kömek aldy. Ýurt energiýa serişdelerini daşyndan getirmeli bolýar. Turizmden uly girdeji gazanýar. Akaba aýlagyndaky merjen rifleri, Öli deňziniň täsinlikleri dünýä jahankeşdeleriniň ünsüni Iordaniýa çekýär. Gyzyl we Öli deňizleriniň kenarlarynda kurortlary bar.

90-njy ýyllarda Iordaniýa kynçylyklary başdan geçirdi. Ol Ýewropa bileleşiginden, GFR-den, Ýaponiýadan, Italiýadan we halkara maliýe institutlaryndan degerli ýardam almaly boldy. 1994-nji ýylda korol Hüseýin Ysraýyl bilen ýaraşyk şertnamasyny baglaşdy.

Iordaniýa konstitusion monarhiýadyr. 1999-njy ýylyň 7-nji fewralynda korol Hüseýin aradan çykansoň, onuň uly ogly *Abdallah II ibn Al-Hüseýin* ýurduň baştutanlygyna geçdi.



***Abdallah II ibn Al-Hüseýin** (1962-nji ýylda doglan). 1999-njy ýyldan bäri Iordaniýanyň koroly. Korol Hüseýin I Talalyň ogly. Başlangyç bilimi Ammanyň yslam kolležinde aldy, soňra Angliýada mukaddes Edmundyň mekdebinde okady. Okuwyny ABŞ-da dowam etdirdi. 1980-nji ýylda Beýik Britaniýanyň Korollyk harby akademiýasyna okuwa girdi. Britan goşunynda gulluk etdi. 1982–1983-nji ýyllarda Oksfordda Ýakyn Gündogary öwrenmek boýunça ýörite taýýarlygy geçdi. 1987-nji ýylda ABŞ-da Jorjtaun uniwersitetiniň Diplomatik mekdebinde okady we halkara diplomatiýasy boýunça magistrlik dissertasiýasyny gorady. Iordaniýanyň Ýaragly güýçlerinde ýokary wezipeleri eýeledi. Feldmarşal, marşal. Ýokary derejeli suwa çümüji, paraşýutçy we uçarman.*

Ol ýurdy ösdürmäge gönükdirilen özgertmeleriň toplumyny durmuşa geçirýär. Döwlet pudagyny hususylaşdyrmaga, halkara söwdasyny ösdürmäge uly ähmiýet berilýär. Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagynda Muwakarede, Akabada senagat parklary döredildi. 2000-nji ýylda Iordaniýa Bütindünýä söwda guramasyna girdi. ABŞ bilen erkin söwda barada şertnama baglaşdy. 2009-njy ýylda saýlaw ulgamynda özgertme geçirildi. Saýlaw uçastoklary artdyryldy. Abdallah oba ýerlerindäki saýlawçylaryň hasabyna parlamentde öz tarapdarlarynyň sanyny köpeltdi.

Daşary syýasatda Abdallah II, kakasy ýaly, ABŞ bilen hoşniýetli gatnaşyklary saklamak syýasaty dowam etdirdi. Bütindünýä terrorçylygyny ýazgaryp çykyş etdi. Ysraýyl-palestin gapma-garşylygyny kadalaşdyrmaga üns berdi. 2001-nji ýylda Müsüriň prezidenti Mübärek bilen birlikde Palestinadan ysraýyl goşunlaryny çykarmak baradaky meseläni BMG-niň Howpsuzlyk geňeşinde goýdy. 2003-nji ýylda Iordaniýada Ysraýylyň premýer-ministri Ariel Şaronyň, PMA-nyň baştutany Mahmud Abbasyň, ABŞ-nyň prezidenti Jorj Buşuň gatnaşmagynda duşuşyk geçi-

rildi. Iordan monarhy girdejisi pes we ortaça bolan döwletleriň birleşigini (G11) döretmegiň inisiatorydyr.

«Arap baharynyň» täsiri netijesinde 2011-nji ýylyň ýanwarynyň aýagynda Iordaniýada hem halk tolgunyşyklary boldy. «Yslam hereketi fronty» ykdysady özgertmeleri geçirmegi, hökümet baştutanynyň korol tarapyndan bellenilmän, saýlanylmagyny talap etdi. Nägileligiň öňüni almak üçin korol hökümeti iş başyndan aýyrdy. Şol ýylda döwlet gullukçylarynyň aýlyk haklary ýokarlandyryldy. Ýangyç we ilkinji zerur durmuş harytlarynyň bahalaryny elýeterli ýagdaýda saklamak üçin serişdeler artdyryldy. Ol serişdeleriň köpüsi ABŞ we ÝB tarapyndan berildi. Saud Arabystanynyň özi Iordaniýa 1,6 *mlrd* ABŞ dollaryny kömek berdi.

Umuman, Abdallah II-niň döwründe Iordaniýanyň ykdysadyýeti ýyllyk ortaça 3-5% ösdi. Ilatyň sowatlylyk derejesi Ýakyn Gündogarda iň ýokary derejä – 95%-e ýetdi.

## §3. Siriýa



***Siriýa*** *– Ýakyn Gündogarda ýerleşen döwlet. Demirgazykda Türkiýe, gündogarda Yrak, günortada Iordaniýa, günbatarda Ysraýyl we Liwan bilen serhetleşýär. Tutýan meýdany 185 180 inedördül km (dünýäde 87-nji ýerde), ilaty 2017-nji ýylyň maglumatyna görä, 17,7 mln adam (60-njy ýerde). Paýtagty – Damask şäheri.*







Siriýa döwlet garaşsyzlygyny Ikinji Jahan urşunyň dowamynda – 1941-nji ýylda alypdy. 1943-nji ýylda Siriýanyň Konstitusiýasy dikeldilip, fransuz mandatynyň soňuna çykylypdy. Emma Siriýada we Liwanda daşary ýurt goşunlarynyň uly kontingentiniň saklanmagy olaryň garaşsyzlygynyň Angliýa we Fransiýa tarapyndan çäklendirilýändigini aňladýardy. 1946-njy ýylyň fewralynda Siriýa we Liwan daşary ýurt goşunlarynyň ýurtdan çykarylmagy baradaky meseläni BMG-niň

Howpsuzlyk Geňeşinde goýdular. Meselä olaryň bähbidine seredilmänsoň, SSSR ilkinji gezek BMG-de weto hukugyny ulandy. 1946-njy ýylyň 17-nji aprelinde olaryň çäginden daşary ýurt goşunlary çykaryldy.



*Şükri al-Kuatli*

1947-nji ýylda geçirilen parlament saýlawlarynda Milli partiýanyň öňbaşçysy *Şükri al-Kuatli* ýurduň prezidentiniň kürsüsini saklady. 1949-njy ýylyň 30-njy martynda Siriýada polkownik *Husni az-Zaim,* 19-njy dekabrynda polkownik *Adib aş-Şişekli* tarapyndan harby agdarylyşyklar guraldy. Olar şowsuz gutarsa-da, Şişekli 1951-nji ýylyň noýabrynda häkimiýeti eýelemegi başardy. Emma halkyň özüne garşy ýaragly çykyşlaryna döz gelip bilmän, ol 1954-nji ýylyň fewralynda ýurdy taşlap gaçdy. 1955-nji ýylyň awgustynda ýurduň prezidentligine Şükri al-Kuatli saýlandy. Ol 1943–1949, 1955–1958-nji ýyllarda Siriýanyň prezidenti boldy.



*Adib aş-Şişekli*

50-nji ýyllaryň ortalarynda Siriýa SSSR bilen ýakynlaşdy. 1956-njy ýylda Şükri Kuatliniň SSSR-e resmi sapary sowet-siriýa gatnaşyklaryny berkitdi. 1957-nji ýylyň oktýabrynda SSSR Siriýa bilen ykdysady we tehniki hyzmatdaşlyk hakynda şertnama baglaşdy.

Siriýanyň we Müsüriň Bagdat paktyna girmekden ýüz öwürmegi, Üçler bileleşiginiň Müsüre garşy çozuşynyň puja çykmagy sebitdäki güýçleriň mynasybetini üýtgetdi. 1955-nji ýylyň dekabrynda Siriýa Müsürden soň SSSR-den harby tehnika satyn almak barada şertnama gol çeken ikinji arap döwleti boldy. 1955–1956-njy ýyllarda Müsür we Siriýa umumy harby geňeşi döretdiler. Bu ýagdaý ABŞ-ny Ýakyn Gündogarda öz pozisiýasyny berkitmegini işjeňleşdirmäge itekledi. Şu maksat bilen 1957-nji ýylyň ýanwarynda «*Eýzenhaueriň doktrinasy*» kabul edildi. Onuň mazmuny Angliýanyň we Fransiýanyň täsiri peselensoň, sebitde «güýçleriň boşlugy» emele gelipdi. Bu ýagdaý SSSR-iň we halkara kommunizmi tarapyndan gözegçilik edilýän ýurtlaryň bu sebite howpunyň artandygy bilen düşündirilýärdi. Hut şonuň üçin hem ABŞ Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlaryna olaryň «özbaşdaklygyny we erkinligini» saklap galmak maksady bilen, ykdysady we harby kömek bermekçidi. Emma Siriýa bu doktrina garşy çykdy.



Arap döwletleriniň 1957-nji ýylyň 18–19-njy ýanwarynda we 26–27-nji fewralynda bolan maslahatynda hem «Eýzenhaueriň doktrinasy» gutarnykly ret edildi. Garşylyga duçar bolan Siriýa boýkota sezewar edildi. Siriýa bugdaýynyň eksport edilýän grek we italýan bazarlary «arzan» amerikan bugdaýy bilen dolduryldy. SSSR siriýa halkyna onuň bugdaýyny satyn almak bilen kömek goluny uzatdy.

Ysraýyl, Türkiýe bilen serhetlerde Siriýa garşy prowokasiýalar ýygylaşdy. 1957-nji ýylyň awgustynda hökümete garşy taýýarlanan dildüwşigiň üsti açyldy. Sentýabr aýynda ABŞ-nyň prezidenti Eýzenhauer bu doktrinany güýç bilen amala aşyrjakdygyny resmi taýdan aýtdy. Bu ýagdaý Siriýany Müsür bilen ýakynlaşmaga mejbur etdi. 1958-nji ýylyň 1-nji fewralynda Müsüriň prezidenti *Jemal Abdel Naser* we Siriýanyň prezidenti Şükri al-Kuatli Kairde iki döwletiň bir döwlete birleşip, *Birleşen Arap Respublikasy* atly döwleti döredýändikleri barada jarnama gol çekdiler.

1958-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda Siriýada agrar özgertme hakynda kanun kabul edildi. Emma ol örän haýal amala aşyryldy. Şol ýylyň ahyrynda Siriýa etrabyny ykdysady taýdan ösdürmegiň 10 ýyllyk maksatnamasy kabul edildi. Emma üç ýyla çeken gurakçylyk halkyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrdy. Müsüriň syýasy, ykdysady babatda döwlet dolandyryşynda artykmaçlygy öz elinde saklamaga çalyşmagy onuň Siriýa bilen birleşmesini gowşatdy. Netijede, bu döwlet birleşmesi 1961-nji ýylyň 28-nji sentýabrynda Siriýada harbylaryň amala aşyran döwlet agdarylyşygyndan soň syndy. Özbaşdak Siriýa we Müsür täzeden döredi.

Siriýa birleşmeden çykandan soň, *Siriýa Arap Respublikasy* diýip atlandyrylyp başlapdy. Ýurduň prezidenti *Nazym Kudsi* boldy (1961–1963). Ol 1945–1947-nji ýyllarda Siriýanyň ABŞ-daky ilkinji Ilçisi, 1949–1951-nji ýyllarda iki gezek premýer-ministr bolupdy.

1962-nji ýylyň 28-nji martynda, 1963-nji ýylyň 8-nji martynda harbylar ýurtda täze harby agdarylyşyklary guradylar. Häkimiýete *Arap sosialistik gaýtadan döreýiş partiýasy (BAAS)* (arapçadan terjime edilende «gaýtadan döreýiş» diýmegi aňladýar) partiýasy geldi. 1964–1965-nji ýyllarda ýurtda ykdysadyýetiň möhüm pudaklaryny, nebit we mineral baýlyklary millileşdirmek syýasaty alnyp baryldy. Daşary söwda dolanyşygynyň 60%-ini döwlet öz elinde jemledi. Döwlet pudagy ähli milli önümiň 80%-ini öndürýärdi. 1966-njy ýylyň 23-nji fewralynda Siriýada dördünji gezek rewolýusion öwrülişik geçirildi. *Nureddin Mustafa al-Atasi* 1966–1968-nji ýyllarda prezident, 1968–1970-nji ýyllarda premýer-ministr boldy. Ýurtda sosializm gurluşygyna tarap ugur alyndy. 1969-njy ýylyň Konstitusiýasy Siriýany demokratik, halk, meýilnamalaýyn ykdysadyýetli sosialistik respublika diýip jar etdi.


*Nureddin Mustafa al-Atasi*

1967-nji ýylyň «6 günlük» urşunda ýeňiş gazanan Ysraýyl Siriýanyň el-Küneýtra şäherini we Golan belentligini (umumy meýdany 1 *müň* inedördül km) basyp aldy. Siriýa BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň 1967-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky №242 rezolýusiýasyny ykrar etmedi.

1970-nji ýylyň 13-nji noýabrynda harby ministr *Hafez Asad* prezident Nureddin Atasini we BASS-yň baştutany Salah Jadidi tussag etmäge perman berip, häkimiýeti eýeleýär. 1971-nji ýylyň 12-nji martynda geçirilen referendumda ol Siriýanyň prezidentligine saýlanýar. Ol partiýanyň baştutanynyň wezipesini hem eýeläpdir.



***Hafez al-Asad*** *(1930–2000) – Siriýanyň döwlet, harby we syýasy işgäri. Homsdaky Harby akademiýany tamamlady. «Al-Asad» familiýasy «Şir» manysyny berýär. Şaýylaryň Alewi ugruna degişli. Siriýanyň premýer-ministri (1970–1971), prezidenti (1971–2000), BAAS partiýasynyň siriýa sebit dolandyryşynyň baş sekretary (1970–2000), Siriýanyň goranmak ministri (1966–1972), general.*

1973-nji ýylyň 12-nji martynda geçirilen referendumda hemişelik konstitusiýa kabul edilýär. Oňa laýyklykda, Siriýa Arap Respublikasy özygtyýarly sosialistik halk-demokratik respublikasy diýlip jar edilýär. Hafez Asad ykdysadyýetde döwlet pudagyny güýçlendirmek syýasatyny dowam etdirdi.

70-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda siriýa ýolbaşçylygy işjeň daşary syýasy ugruny alyp bardy. SSSR bilen tehniki we ykdysady hyzmatdaşlyk baradaky 1966-njy ýylyň şertnamasyna laýyklykda, 1973-nji ýylda Ýewfrat derýasynda uly gidrotehniki desga – «*al-Asad*» *suw howdany* gurlup, ulanmaga berildi. Sowet Soýuzy Siriýa hünärmenleri taýýarlamaga kömek berdi. 70-nji ýyllaryň ahyrynda Saud Arabystany we Kuweýt Siriýa köp mukdarda ykdysady kömek berdiler. 1976-njy ýylda Siriýa Liwandaky raýatara urşa goşuldy. Palestinany halas ediş frontuna ýardam berdi. Kemp-Dewid ylalaşygyny ýazgaryp çykyş etdi. 1977-nji ýylyň dekabrynda Alžir, Yrak, Liwiýa, Ýemen Halk demokratik respublikasy bilen birlikde durnuklylyk we garşylyk görkezmek baradaky milli fronty döretmek ideýasyny goldady. 70-nji ýyllaryň ahyrynda Siriýada «Musulman doganlar» guramasynyň (ol 1963-nji ýylda gadagan edilipdi) hökümete garşy ýykgynçylykly hereketleri güýçlendi. 1980-nji ýylyň ahyrynda bu gurama hökümet tarapyndan dargadyldy.

1980-nji ýylda başlanan eýran-yrak urşy Damask bilen Bagdadyň gatnaşyklaryny ýaramazlaşdyrdy. Sebäbi Siriýada 1,5 *mln* şaýy ýaşaýardy, ýurduň baştutany Asad hem şaýylaryň alawy jemagatyna degişlidi. Saddam Hüseýiniň düzgüniniň berkemeginden we onuň arap dünýäsindäki abraýynyň artmagyndan çekinen Siriýa bu uruşda Eýrany goldady. Siriýa Yragyň Kuweýti basyp almagyny ýazgardy. Liwan bilen gatnaşyklaryny ösdürdi. 1991-nji ýylda Liwan bilen birek-biregi goldamak hakynda şertnama baglaşylýar.

90-njy ýyllarda Siriýa ykdysady kynçylyklary başdan geçirdi. 1999-njy ýylda ýurtda güýçli gurakçylyk boldy. Pars aýlagyndaky Birleşen Arap emirlikleri we Saud Arabystany Siriýa 1,25 *mlrd* dollar serişde hem-de 3-4 *mlrd* dollar karz berdiler. Olar Siriýanyň ykdysadyýetini kuwwatlandyrmaga, 1991-nji ýylda 8% ösüş gazanmaga mümkinçilik berdi.

1999-njy ýylda Hafez Asad bäşinji gezek ýurduň prezidenti wezipesine saýlanýar, emma 2000-nji ýylyň 10-njy iýunynda ol aradan çykýar. Ýurduň 30 ýyla golaý hökümdary bolan Hafez Asad ýogalandan soň, tiz wagtda saýlawlar geçirilip, onuň 34 ýaşly ogly *Başar Asad* prezident saýlanýar.



***Başar Hafez al-Asad*** *(1965-nji ýylda doglan) – Siriýanyň döwlet we syýasy işgäri. Damask uniwersitetini göz lukmany hünäri boýunça tamamlady. Öz ugrundan Beýik Britaniýada hünär kämilleşdirişini geçdi. Soňra Homsdaky harby akademiýany tamamlady, marşal çini bar. 2000-nji ýylyň 17-nji iýulyndan başlap Siriýanyň prezidenti. 2014-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky ilkinji alternatiw saýlawlarda bu wezipä 3-nji gezek saýlandy. Siriýanyň ýaragly güýçleriniň baş serkerdebaşysy.*

Başar Asad ykdysadyýetde liberalizasiýa we Siriýany döwrebaplaşdyrmak syýasatyna başlaýar. Gazna bazary, hususy banklar açylýar. Döwlete degişli däl uniwersitetler döredilýär. Hökümetdäki harby adamlar raýat dolandyryjylary bilen çalşyrylýar.

Emma XXI asyryň başynda Siriýa uly ykdysady kynçylyklary başdan geçirdi. 2006–2011-nji ýyllarda ýurduň 60%-inden gowrak ýerlerinde görlüp-eşidilmedik gurakçylyk boldy. Ol 1,3 *mln* gowrak adamyň durmuşyny kynlaşdyrdy. Oba ilaty şäherlere göçüp ugrady.

Liwanda Siriýa 2005-nji ýyla çenli öz goşunlaryny saklapdy. Başar Asadyň olary çykarjakdygyny aýtmagy hem Siriýanyň daşary syýasatyndaky möhüm waka bolupdy. Başar Asad Ysraýyl bilen gatnaşyklary düzgünleşdirmek üçin, ilkibada 1967-nji ýylyň serhetlerini dikeltmek şerti bilen gepleşiklere taýýardygyny nygtady. 2002-nji ýylda bolsa hiç hili deslapky şert goýmazdan kesilen gepleşiklere başlamaga razydygyny aýtdy. Ol Liwandaky pozisiýasyny berkitmek üçin, «Hezbolla» partiýasy bilen hyzmatdaşlygyny güýçlendirdi. Yrak bilen gatnaşyklaryny gowulaşdyrdy. Iki asyryň sepgidinde Iordaniýa bilen gatnaşyklar gowulandy. 2000-nji ýylda serhetde erkin söwda zolagy döredildi.

Başar Asad Yraga garşy 2003-nji ýyldaky amerikan-iňlis harby hüjümini ýazgardy. ABŞ bolsa Siriýany terrorçylygy goldamakda we Saddam Hüseýiniň tarapdarlaryny ýurtda gizlemekde aýyplady. Siriýa garşy amerikan sanksiýalary girizildi.

**Raýatara urşy.** 2011-nji ýylyň martynda Siriýada hökümete garşy oppozisiýa bilen hökümet goşunlarynyň arasyndaky ýaragly çaknyşyklar başlandy. Ýurtda syýasy özgertmeleri geçirmegi, 1963-nji ýyldan bäri dowam edýän adatdan daşary ýagdaýy ýatyrmagy talap edýän köpçülikleýin çykyşlar başlandy. Başar Asad halkyň talabyny kanagatlandyrmaga söz berdi. Hökümeti iş başyndan aýyrdy, adatdan daşary ýagdaýy ýatyrmak barada Permana gol çekdi. Aprel aýynda 300 *müňden* gowrak kürtlere siriýa pasportlary berildi. Konstitusiýadan BAAS partiýasynyň ýolbaşçylyk roly baradaky düzgün aýryldy. Maý aýynda ilkinji gezek parlamente köppartiýalylyk esasynda saýlawlar geçirildi. Emma bu çäreler ýurtdaky ýagdaýy kadalaşdyrmaga ýardam bermedi. Täze konstitusiýada prezidentiň sünnülerden bolmalydygy baradaky düzgüniň berkidilendigi, Başar Asadyň şaýylykdan sünnülige geçmegi-de dartgynlygy gowşatmaga kömek etmedi.

Siriýadaky dörän krizis sebäpli daşary ýurtlaryň birnäçesi onuň içerki işlerine goşuldylar. Siriýanyň baştutanlarynyň garşysyna ABŞ we ÝB sanksiýalary girizdiler. 12-nji noýabrda Arap döwletleriniň ligasy Siriýany agzalykdan çykardy, soňra onuň garşysyna ykdysady sanksiýalary girizdi. 2012-nji ýylda Siriýanyň halkara sanksiýalaryndan çeken zyýany ABŞ-nyň 4 *mlrd* dollaryna ýetdi.



*Siriýadaky uruş*

Göreş hakyky urşa ösüp geçdi. Başar Asadyň düzgünine garşy aram siriýa oppozisiýasy (*Erkin Siriýa goşuny*), kürtler (*milli öz-özüňi goraýyş otrýadlary*), Yragyň we Siriýanyň yslam döwletiniň (*DAIŞ*) we *Jebhad-an-Nusra* yslam terrorçylykly toparlanyşyklary çykyş edýärler. Ýaragly garşy durmanyň dowamynda 2013-nji ýylda Siriýada himiýa ýaragy ulanyldy. Emma uruşýan taraplaryň hiç biri hem ony ulanandygyny boýun almady. Siriýanyň hökümetinden himiýa ýaragyny ýok etmegi talap edip başladylar. Siriýanyň hökümeti halkara gözegçileriniň gözegçiligi astynda özünde bar bolan himiýa ýaragyny ýok etdi. Siriýadaky uruşlary bes etmek üçin, Ženewada uruşýan taraplaryň arasynda gepleşikler geçirildi. Emma Siriýadaky uruşlar dowam etdi. 2014-nji ýyla çenli Siriýada öldürilenleriň sany 100 *müňden* geçdi. Ýurtdan millionlarça adam goňşy ýurtlara (Müsür, Iordaniýa, Liwan, Türkiýe) we Ýewropa bosgun bolup gitdiler. Uruş Siriýanyň ykdysadyýetini tozdurdy. 2013-nji ýylyň 10-njy ýanwarynda Siriýanyň DIM-i BMG-niň Howpsuzlyk geňeşine terrorçylaryň Halapda 1000-e golaý fabrigi we kärhanany talandygy baradaky habary halkara jemgyýetçiligine ýetirmegini sorap ýüz tutdy.



*Palmiradaky Allat şiri (2010 ý.)*

2014-nji ýylyň 3-nji iýunynda Siriýada Asadlaryň maşgalasynyň dolandyran ýarym asyra golaý döwründe ilkinji gezek göni ählihalk prezident saýlawlary geçirildi. Onda sesleriň 89%-ini alan Başar Asad ýeňdi. Emma bu saýlawlary oppozisiýa



*Palmiradaky Baalşamina ybadathanasy (2010 ý.)*



*Palmiradaky Baal ybadathanasy (2010 ý.)*

ykrar etmedi. Daşary ýurtlaryň aglabasy hem saýlawlaryň netijesini ykrar etmedi.

DAIŞ-iň we terrorçylykly guramalaryň hüjümini togtatmak üçin, 2014-nji ýylyň sentýabryndan başlap, ABŞ we onuň NATO boýunça ýaranlary Siriýa hökümetiniň rugsadyny almazdan terrorçylara garşy howa urgularyny amala aşyrdy. 2015-nji ýylyň sentýabrynda terrorçylykly guramalara garşy göreşde ýardam bermegini sorap, Siriýa resmi ýagdaýda Russiýa ýüz tutdy. Russiýa harby-kosmiki güýçleriniň gatnaşmagynda Siriýada Yragyň we Siriýanyň yslam döwletiniň (DAIŞ) terrorçy güýçleriniň garşysyna harby hereketleri alyp bardy.

Daşary ýurtlaryň bir topary Siriýanyň kanuny hökümetini goldasa, beýleki topary hökümete garşy ýaragly göreşe baş galdyran oppozisiýadaky güýçleri goldady. Gadymy medeniýetiň ojagy bolan Siriýa täze ýaraglaryň synanylýan ýerine öwrüldi. Siriýadaky ýaragly çaknyşmalary bes etmek üçin, halkara derejesinde birnäçe gezek gepleşikler geçirildi. 2016-njy ýylyň 27-nji fewralyna geçilen gije ok atmagy bes etmek barada ylalaşyga gelnen-de bolsa, DAIŞ we Jebhad an-Nusra terrorçylykly hereketlerini bes etmediler. Şol ýylyň 14-nji martyndan başlap, öňde goýlan wezipeleriň ýerine ýetirilendigi sebäpli Russiýa Siriýadan öz goşunlaryny çykaryp başlady. 2017-nji ýylyň ahyrynda Russiýa goşunlarynyň esasy bölegini Siriýadan çykardy. 22-nji noýabrda Soçide Siriýa meselesini düzgünleşdirmek boýunça Russiýanyň, Eýranyň, Türkiýäniň prezidentleriniň duşuşygy geçirildi. Agzalan 3 döwlet Siriýadaky raýatara ylalaşygynyň gazanylmagyna kepildar bolup çykyş etdiler. 2017-nji ýylyň 6-njy dekabrynda Siriýa terrorçylardan arassalandy, DAIŞ-iň ähli birleşmeleri ýok edildi. 2018-nji ýylyň 30-njy ýanwarynda Soçide Russiýanyň, Eýranyň, Türkiýäniň, BMG-niň Howpsuzlyk geňeşiniň hemişelik 5 agza döwletiniň wekilleriniň hem-de Siriýanyň dürli garaýyşly 1600 sany wekilleriniň gatnaşmagynda *milli dialog kongresi* geçirildi. Ýöne 2018-nji ýylyň fewral aýynyň başyna çenli maglumatlara görä, Siriýada käbir ýaragly toparlanyşyklar bilen hökümet goşunlarynyň arasynda ýaragly çaknyşyklar boldy.

Uruş Siriýanyň ykdysadyýetini tozdurdy, ýüz müňlerçe adam ýogaldy (resmi hökümet maglumatyna görä 220 *müň* adam). 2015-nji ýylyň başyndaky maglumata görä, 5 *milliondan* gowrak adam daşary ýurtlara, 7 *mln* töweregi adam ýurtdaky howpsuz ýerlere gaçmaly boldy. BMG-niň maglumatlary boýunça 23 *mln* siriýaly ynsanperwer kömege mätäçdir.



*Palmiranyň umumy görnüşi*

Palmira ýaly gaýtalanmajak, umumadamzat taryhynyň ajaýyp medeni miraslarynyň birnäçesiniň weýran edilmegi hem gaty gynandyryjy ýagdaýdyr. 2015-nji ýylyň maýynda DAIŞ-iň urşujylary tarapyndan basylyp alnansoň, bu ýerde elhenç talaňçylyk geçirildi, köp zatlar ýok edildi. Amfiteatryň merkezi bölegi ýaryldy. Terrorçylar Palmiradaky *Allat şirini, Baalşamina ybadathanasyny, Baal ybadathanasyny, Ýeňiş arkasyny* ýok etdiler. Siriýanyň muzeýleriniň üçden biri we 20 töweregi arheologiýa binalary talanyldy. Terrorçylar Palmiranyň goragçysy, 82 ýaşly meşhur arheolog Haled al-Asady öldürdiler. Ýurduň JIÖ-niň 12%-ini ýa-da ýylda 8 *mlrd* ABŞ dollaryny girdeji getirýän syýahatçylyk pudagy ýok edildi.

♦ **«Eýzenhaueriň doktrinasy»** – SSSR-iň we halkara kommunizmi tarapyndan gözegçilik edilýän ýurtlaryň howpunyň artandygy sebäpli ABŞ-nyň Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlaryna olaryň «özbaşdaklygyny we erkinligini» saklap galmak maksady bilen ykdysady we harby kömek bermek barada 1957-nji ýylyň ýanwarynda kabul edilen maksatnamasy.

♦ 2011-nji ýylda Siriýada 80 *müňden* gowrak ýezitler bardy. **Ýezitler** – kürtleriň kurmanjy şiwesinde gürleýän, zoroastrizme esaslanýan ýezitçilik ynanjyna uýýan dini jemagaty.

♦ Siriýadaky üçünji uly etniki topar **siriýa türkmenleridir**. Seljuk soltany Mälik şanyň döwründe Siriýa baryp ornaşan türkmenleriň bu günki nesilleri 100 *müň* töweregidir. Olar Latakiýa we Halap welaýatlarynda köpçülikleýin ýaşaýarlar.

♦ BMG-niň Çagalar gaznasynyň (UNICEF) 2014-nji ýylyň 10-njy martyndaky çap eden maglumatyna görä, 3 ýylda Siriýada raýatara urşunyň netijesinde 10 *müň* çaga ýogalypdyr, 1,2 *mln* siriýaly çaga goňşy ýurtlarda bosgun lagerlerinde ýaşaýarlar, 5 ýaşyna çenli bolan 323 *müň* çaga gabawda ýa-da gumanitar kömegiň berlip bilinmejek howply etraplarynda ýaşaýarlar.

♦ 2013-nji ýylyň 7-nji noýabrynda BMG-niň palestin bosgunlaryna kömek bermek baradaky Ýakyn Gündogar býurosynyň Baş komissary Aleks Pollogyň «Morocco World News» habarlar agentligine beren maglumatyna görä, Siriýanyň raýatara urşundan çeken zyýany 103 *mlrd* amerikan dollaryndan geçdi.

♦ **Palmira** (sözme-söz terjime edilende **«Täsinlik»** diýmegi aňladýar) – giçki antiki döwrüň baý şäherleriniň biriniň galyndysy. Damask bilen Ýewfratyň aralygynda, Damaskdan 240 km demirgazyk-gündogarda ýerleşýär. Hürrit şasy Tukriş tarapyndan esaslandyrylypdyr. Ilkibada Siriýa çöllügini kesip geçen kerwenleriň düşelgesi hökmünde ulanylypdyr. Palmira **«çöl gelinligi»** atlandyrylýar. Palmiranyň hatyrasyna ABŞ-nyň birnäçe şäherleri atlandyryldy. Sankt-Peterburg şahyrana görnüşde Demirgazyk Palmira, Odessa bolsa Günorta Palmira diýlip atlandyrylýar.

## §4. Liwan



***Liwan*** *— Günbatar Aziýada, Ortaýer deňziniň gündogar kenarynda ýerleşen döwlet. Demirgazykda we gündogarda Siriýa, günortada Ysraýyl bilen araçäkleşýär. Tutýan meýdany 10452 inedördül km. Ilaty 2015-nji ýylyň maglumatlary boýunça 4,46 mln gowrak adam. Paýtagty – Beýrut şäheri.*







Fransiýa 1941-nji ýylyň 26-njy noýabrynda öz mandatyndaky Liwana ýüzleý garaşsyzlygyny berdi. 1943-nji ýylyň sentýabrynda *Beşara al-Huri* Liwan Respublikasynyň prezidenti bolýar. 22-nji noýabrda ýurduň Konstitusiýasy we parlamenti dikeldilýär. Liwan hem, Siriýa ýaly, BMG-ä ýüz tutup, 1946-njy ýylyň 31-nji dekabrynda daşary ýurt goşunlarynyň çykarylmagyny gazandy.

Siriýanyň tersine, Liwan ABŞ bilen hoşniýetli gatnaşyklary alyp bardy. 1951-nji ýylda ol ABŞ bilen ykdysady we tehniki kömek barada ylalaşyk baglaşdy. 1957-nji ýylda «Eýzenhaueriň doktrinasyna» goşuldy.

Birinji arap-ysraýyl urşundan soň 100 *müň* palestinaly arap Liwana gaçdy. Sues krizisi döwründe beýleki arap döwletlerinden tapawutlylykda, Liwan Angliýa we Fransiýa bilen diplomatik gatnaşyklary kesmekden boýun towlady. *Kamil Şamunyň* hökümetiniň «Eýzenhaueriň doktrinasyna» goşulmagy Liwanyň arap dünýäsindäki abraýyny peseltdi. 1958-nji ýylyň maýynda ýurtda raýatara urşy başlandy. Şamun özüne garşy hereketiň başlanandygyna düşünip, ABŞ-dan kömek sorady. 15-nji iýulda ýurda amerikan goşunlary girizildi. Emma ol Şamunyň hökümetini halas edip bilmedi. General *Fuad Şehab* ýurduň prezidenti boldy. Oktýabrda amerikan goşunlary Liwandan çykaryldy.

Liwan 1967-nji ýylyň arap-ysraýyl urşuna gatnaşmasa-da, ABŞ we Beýik Britaniýa bilen diplomatiki gatnaşyklaryny kesdi. Günbataryň kompaniýalarynyň ne-

bit geçirijilerini ýapdy. Portlaryna amerikan harby gämilerini goýbermedi. 1967--nji ýylyň üçünji arap-ysraýyl urşundan soň Liwanyň çägi Palestinany halas ediş frontunyň göreş ýerine öwrüldi. 1970-nji ýylda bosgunlaryň sany 400 *müňe* ýetdi. 1972-nji ýylda Ysraýyl Günorta Liwana çozuş gurady. Ysraýylyň maksady Liwanda palestina bosgunlaryna garşy liwan hristianlaryny aýaga galdyrmakdan ybaratdy. Liwan goşuny palestina bosgunlaryna garşy hüjüme geçdi. Ýurtda adatdan daşary ýagdaý yglan edildi. Ýagdaý uzak wagtlap kadalaşmady. 1975-nji ýylyň aprelinde Liwanda palestinalylara we musulmanlara garşy sagçy hristianlaryň arasynda ýaragly çaknyşyklar başlandy. Ol 1976-njy ýylyň birinji ýarymynda hem dowam etdi. Gepleşikler netijesinde meseläniň çözgüdi tapylmady. Liwandaky raýatara urşuna Siriýa goşuldy. Ol 1976-njy ýylyň 1-nji iýunynda Liwana öz goşunlaryny girizdi. Iki ýyla çeken raýatara urşy ýurda uly zyýan ýetirdi. Liwandaky ýagdaýyň kadalaşmagyna Ysraýylyň onuň içerki işlerine goşulmagy hem päsgel berdi.

1978-nji ýylyň martynda Ysraýyl Liwanyň Litaniýa derýasyna çenli günorta çäklerini eýeledi. Liwan hökümetiniň ýurduň günortasynda öz häkimligini ýola goýmak synanyşygy başa barmady. Bu ýere BMG-niň wagtlaýyn güýçleri girizildi. 1980–1981-nji ýyllardaky söweş hereketleriniň netijesinde ýurtdaky hristian güýçleri Zahla etrabyndan siriýa goşunyny kowup çykardylar. 1981-nji ýylyň dowamynda Ysraýyl Liwandaky palestina lagerlerine ot açmagyny dowam etdirdi. 1982--nji ýylyň 6-njy iýunynda Ysraýyl Günbatar Beýruty eýeledi. Palestinany halas ediş fronty Beýrutdan çykmaly boldy. Ysraýyl ýurduň günortasynda onuň çäginiň üçden birine golaý çägini eýeledi. Siriýa goşunlary Beýrutdan we Beýrut–Damask ýolundan günortadaky etraplardan çykmaly boldy. Sabra we Şatila lagerlerinde palestin bosgunlarynyň garşysyna gyrgynçylygyň amala aşyrylmagy sentýabr aýynda Beýruta ýene ABŞ-nyň, Fransiýanyň, Italiýanyň, Beýik Britaniýanyň esgerlerinden ybarat köp milletli goşun kontingentiniň girizilmegine getirdi.

Bu ýagdaý Liwanda dini-ekstremistik guramalaryň işjeňleşmegine getirdi. 1983-nji ýylyň 17-nji maýynda Ysraýyl Liwanyň özüne garşy duran arap döwletleriniň hataryndan çetleşmegi şerti bilen goşunlaryny çykarmagy ylalaşdy. 1983-nji ýylyň 17-nji maýynda Liwanyň hökümeti bilen ysraýyl goşunlaryny ýurtdan çykarmak barada ylalaşyga gol çekildi. Emma ol Liwanyň bähbidine doly laýyk gelmeýärdi. Çünki ylalaşyk Liwany Ysraýyla garşy umumyarap ligasyndan bölüp aýyrmalydy. 25-nji sentýabrda Siriýanyň we Saud Arabystanynyň araçyllygynda ot açmagy bes etmek barada ylalaşyga gelindi. 1983-nji ýylyň 31-nji oktýabryndan – 4-nji noýabrynda Ženewada Liwandaky milletara dialogy boýunça maslahatyň birinji tapgyry geçirildi. Konferensiýa Liwana arap döwleti statusyny berdi we liwan-ysraýyl ylalaşygyny ykrar etmedi. Bu bolsa ýene ýagdaýy ýitileşdirdi. Goşun hristian we musulman toparlaryna bölündi. 1984-nji ýylyň fewralynda köpmilletli goşun kontingenti Liwandan çykdy. 1984-nji ýylyň 5-nji martynda liwan hökümeti Ysraýyl bilen «parahatçylyk şertnamasyny» resmi taýdan ýatyrdy. 12–20-nji

martda Lozannada bolan milli dialog boýunça maslahatda taraplar ok atmagy bes etmegi, täze konstitusiýany işläp düzmegiň ýörelgelerini işläp düzmegi ylalaşdylar. Emma syýasy özgertmeler baradaky meselede ylalaşyga gelip bilmediler. 1985-nji ýylyň iýunyna çenli Ysraýyl goşunlarynyň esasy bölegi Liwandan çykaryldy. Diňe sagçy hristianlaryň harby birikmeleriniň ýolbaşçysy general Ladahyň daýanjy bolan bufer zolagy goramak üçin, ýurduň günortasynda ysraýyl goşuny saklanyp galdy.

1985-nji ýylda yslam fundamentalistlerine garşy söweşden soň Zahla we Tripoli şäherlerine siriýa goşunlary girizildi. 1989-njy ýylyň martynda ýurtda ýene-de harby hereketler başlandy. Arap döwletleriniň ligasynyň «üçleriň komitetiniň» (Alžir, Saud Arabystany, Marokko) gatnaşmagynda «*Liwanda milli ylalaşygy gazanmagyň hartiýasy*» işlenip düzüldi. 1989-njy ýylyň 22-nji oktýabrynda Saud Arabystanynyň et-Taif şäherinde liwan parlamentarileri bu ylalaşygy tassykladylar. Oňa laýyklykda, ýurduň prezidenti *maronitlerden*, premýer-ministr *musulman-sünni*, parlamentiň başlygy *musulman-şaýy* bolmalydy, parlamentde *hristianlar* we *musulmanlar* deň mukdarda deputat kürsülerini eýelemelidi.

1975–1990-njy ýyllaryň raýatara urşuna çenli Liwan arap dünýäsinde hristian ilatynyň agdyklyk edýän ösen maliýe we bank merkezidi. Şonuň üçin oňa «*Ýakyn Gündogaryň Şweýsariýasy*» hem diýilýärdi. Uzak ýyllaryň dowamynda alnyp barlan etnokonfessional uruşlar hem-de ýurduň içerki işlerine daşary ýurtlaryň goşulmagy Liwanyň ykdysadyýetini ýaramazlaşdyrdy. Resmi hökümet maglumatlaryna görä, 1975–1990-njy ýyllarda 94 *müň* adam ýogaldy, 115 *müň* adam ýaralandy, 20 *müň* adam dereksiz ýitdi, 800 *müň* adam ýurtdan gaçdy. Ýurda ýetirilen umumy zyýanyň möçberi takmynan 6–12 *mlrd* dollardyr. 1989-njy ýylda *Liwana kömek bermegiň Halkara gaznasy* döredildi. Premýer-ministr *Rafik Hariri* (1992–1998, 2000–2004) raýatara urşunyň ýurda ýetiren zyýanynyň öwezini dolmaga gönükdirilen syýasat ýöretdi. Hümmetsizlenmegiň öňüni almagy başardy. Salgytlar we işsizlik kadaly derejede saklandy. Ýurda daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge ýol arçaldy. 1992–2007-nji ýyllara niýetlenen «*Sepgit–2000*» maksatnamasyna görä, ýurduň ykdysadyýetine 60 *mlrd* dollar maýa goýumy goýulmalydy. Rafik Hariri 2005-nji ýylda terrorçylaryň elinden wepat boldy.

2006-njy ýyldaky ikinji Liwan urşy hem ýurduň ykdysadyýetine agyr zarba urdy. Liwanyň ykdysadyýetini dikeltmäge Saud Arabystany (1,5 *mlrd* dollar), Ýewropa Bileleşigi (1 *mlrd* dollar töweregi), Pars aýlagynyň kenaryndaky monarhiýalar (800 *mln* dollar töweregi) serişde goýberdiler. Ýöne oba ýerinde önümçiligiň pese gaçmagynyň öňüni almak başartmady. Liwan Pars aýlagy ýurtlaryny we Ýewropa sebitini oba hojalyk önümleri bilen üpjün edýär. Bary-ýogy 3,5 *mln* ilatly ýurtda 2,5 *mln* gowrak bosgunyň bolmagy Liwanyň kynçylyklaryny artdyrdy. 2012-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda «Spectrum» britan kompaniýasy Günorta Liwanda 710 *mlrd* kubmetr gory bolan tebigy gaz ýatagynyň üstüni açdy.

Liwanyň ykdysadyýetiniň esasy ugurlary bank işi we syýahatçylyk bolup durýar. 2009-njy ýylda Liwanyň syýahatçylykdan alan girdejisi (7 *mlrd* dollar) JIÖ-niň 20%-ine deň boldy.

90-njy ýyllaryň başynda Liwan günortadaky basylyp alnan ýerlerini yzyna gaýtaryp alyp bilmedi. Ol ýerlerde «*Hezbolla*» şaýy partiýasy Ysraýyla garşy göreşi güýçlendirdi. Ysraýyl 1993, 1994, 1995-nji ýyllarda oňa garşy howa hüjümlerini alyp bardy. 1996-njy ýylyň aprelinde Ysraýyl Liwana garşy «*Gazabyň miwesi*» atly jezalandyryş operasiýasyny amala aşyrdy. 400 *müň* adam günortadan demirgazyga gaçdy. BMG-niň Howpsuzlyk geňeşiniň rezolýusiýasy esasynda we halkara araçyllygynda Ysraýylyň, Siriýanyň, Liwanyň arasynda ok atmagy bes etmek gazanyldy. 2000-nji ýylyň maýynda Ysraýyl Günorta Liwandan goşunlaryny çykardy. Liwan hökümeti ýurduň günortasynda häkimiýetini dikeltdi.

1998-nji ýylda Liwanyň prezidentligine serkerde *Emil Lahud* saýlandy. 2016--njy ýylyň prezident saýlawlarynda ýeňiş gazanyp, *Mişel Aun* döwlet baştutany boldy. 2004-nji ýylyň ahyrynda BMG-niň Howpsuzlyk geňeşi Liwandan daşary ýurt goşunlarynyň çykarylmagy barada rezolýusiýa çykardy. Ol 2005-nji ýylda ýerine ýetirildi.

♦ **Maronitler** – hristiançylygyň Gündogar katolik ugrunyň 6 sany ybadathanalarynyň biri bolup, patriarhat statusyna eýedir. Monah Maronyň ady bilen baglydyr. Maronitleriň aglabasy Liwanda, galany Siriýada we Kiprdedir.

♦ **Biblos** – dünýäde ilkinji finikiýa elipbiýiniň ýüze çykan liwan şäheri.

## §5. Yrak

***Yrak*** *(Jumhuriýat al-Irak) – Günorta-Günbatar Aziýada ýerleşýär. Demirgazykda Türkiýe, gündogarda Eýran, günortada Saud Arabystany, günbatarda Iordaniýa we Siriýa bilen serhetleşýär. Günorta-gündogar çüňkünde Pars aýlagyna çykalgasy bar. Tutýan meýdany 435052 inedördül km (dünýäde 58-nji ýerde). Ilaty 2015-nji ýylyň maglumatlary boýunça 37 mln çemesi adam (dünýäde 36-njy ýerde). Paýtagty – Bagdat şäheri.*



1946-njy ýylda Yrakda harby düzgün ýatyryldy. 1948-nji ýylyň 15-nji ýanwarynda Portsmutda Beýik Britaniýa bilen täze şertnama baglaşyldy. Oňa laýyklykda, Beýik Britaniýa Yragy diňe uruş döwri däl, eýsem, «harby howp» abanan ýagdaýynda hem eýelemäge hukuklydy. Bu şertnama garşy ýurtda halk çykyşlary başlandy. Iňlislere ýapja *Salyh Jabryň* hökümeti ýurtdan gaçdy. *Muhammet as-Sadryň* baştutanlygynda täze hökümet düzüldi. Ol Portsmut şertnamasyny ýatyrdy. Emma halk gozgalaňyna gatnaşyjylar köpçülikleýin jezalandyrmalara sezewar edilip başlanypdyr. 1948-nji ýylyň maýynda *Nury Said* korolyň adyndan ýurtda harby düzgün







girizipdir. Köpçülikleýin halk çykyşlarynyň basyşy astynda daşary ýurtlar 1951--nji ýylyň 26-njy iýulynda täze konsession şertnama baglaşmaga mejbur boldular. Oňa laýyklykda, olar Yrak nebitinden gelýän girdejiniň 50%-ini onuň öz peýdasyna geçirmäge ylalaşdylar. 1950-1954-nji ýyllarda Yrak ABŞ bilen ykdysady, tehniki, harby we medeni «kömek» barada ençeme şertnamalary baglaşdy.

1954-nji ýylyň awgustynda Nury Said öwrülişik geçirip, gaýtadan hökümete gelmegi başardy. Parlament dargadylyp, syýasy partiýalaryň işi gadagan edildi. 1955-nji ýylda Yrak Beýik Britaniýa bilen harby şertnama baglaşdy. Soňra bu şertnama Türkiýäniň, Pakistanyň, Eýranyň hem goşulmagy netijesinde *Bagdat pakty* emele geldi. Yrak Iordaniýa bilen birlikde Birleşen Arap Respublikasyna garşy *Arap Federasiýasyny* döretmäge synandy.

**1958-nji ýylyň 17-nji iýul rewolýusiýasy.** Yrakdaky monarhiýa düzgüni halkyň arasynda gözden düşüpdi. Ýurtda ony agdarmaga we Bagdat paktyndan çykmaga gönükdirilen hereket başlandy. Bu herekete 1956-njy ýylda goşunda dörän «*Azat serkerdeler*» guramasy baştutanlyk etdi. 1956-njy ýyldaky halk gozgalaňy hökümet tarapyndan basylyp ýatyrylypdyr. 1957-nji ýylyň başynda Yragyň Kompartiýasy, Milli Demokratik partiýasy, Garaşsyzlyk partiýasy, Arap sosialistik gaýtadan döreýiş partiýasy (BAAS) bir bitewi milli fronta birleşdiler. 1958-nji ýylyň 14-nji iýulynda general *Abdul Kerim Kasemiň* we polkownik *Abdu Salam Arefiň* serkerdeligindäki yrak goşunynyň iki sany otrýady Bagdada girip, korolyň köşgüni eýelediler. Öwrülişik Korol Feýsalyň we Nury Saidiň Yragyň Türkiýe bilen bilelikde Liwanyň garşysyna interwensiýasyny ylalaşmagy üçin, Stambula gitmeli gününe meýilleşdirilipdi. Korol Feýsal II, hökümetiň baştutany Nury Said jezalandyryldy.



*Abdul Kerim Kasem*

Yrak respublika diýlip jar edildi. Kasemiň täze hökümeti birnäçe demokratik çäreleri geçirdi. Wagtlaýyn Konstitusiýa girizildi. Agrar özgertme geçirilip, iri ýer eýeçiligi çäklendirildi. 1959-njy ýylyň martynda Yrak Beýik Britaniýa we ABŞ bi-

len deňhukuksyz şertnamalary ýatyrdy. 1961-nji ýylda Bagdat paktyndan çykdy. Sosialistik ýurtlar bilen dostlukly gatnaşyklar ýola goýlup başlandy. 1959-njy ýylyň martynda SSSR bilen ykdysady we tehniki hyzmatdaşlyk hakynda şertnama baglaşyldy. Oňa laýyklykda, SSSR Yraga 550 *mln* rubl möçberinde uzak möhletli karz berdi we 25 sany iri senagat kärhanalaryny, suwaryş desgalaryny, ulag kärhanalaryny gurmaga kömek bermäge borçlandy. 1961-nji ýylda Kasemiň hökümeti özbaşdaklygyny gazanmak isleýän kürtlere garşy urşy ýaýbaňlandyrypdyr. Şol ýyl ol Kuweýte garşy hem esaslandyrylmadyk talaplary bildirdi.



*Abdu Salam Aref*

1963-nji ýylyň 8-nji fewralynda Bagdat garnizony gözden düşen Kasemiň hökümetini agdardy. Häkimiýete BASS partiýasy geldi. Ýurduň prezidenti *Abdu Salam Aref* boldy, premýer-ministr *Ahmet Hasan al-Bakr* boldy. 1963-nji ýylyň mart–maý aýlarynda Yragyň Müsür bilen birleşmek meselesi bilen bagly gepleşiklerde Yrakdaky syýasy partiýalaryň arasynda bölünişik ýüze çykdy. Müsür bilen birleşmegiň tarapdarlary – *yrak naserçileri* jezalandyryldy. BASS-a garşy syýasy oppozisiýa emele geldi. Aref şol ýylyň 18-nji noýabrynda döwlet agdarylyşygyny geçirip, BAAS partiýasyny häkimiýetden çetleşdirdi.

Aref Yrakda «*arap sosializmini*» gurmaga tarap ugur aldy. Daşary syýasatda Birleşen Arap Respublikasy bilen jedelli meseleler düzgünleşdirildi. Sosialistik ýurtlar bilen gatnaşyklar üstünlikli ösdürildi. 1964-nji ýylyň 10-njy fewralynda hökümet goşunlary bilen kürt azat edijilik hereketiniň goşunlarynyň arasynda söweş hereketlerini bes etmek ylalaşyldy. Şol ýylyň 8-nji fewralynda daşary ýurt monopoliýalarynyň elinden alnan ýerlerde *Yrak milli nebit* kompaniýasy döredilýär. Abdu Salam Aref 1966-njy ýylyň 13-nji aprelinde awiaheläkçilikde pajygaly ýagdaýda aradan çykansoň, onuň dogany general *Abdur Rahman Aref* Yragyň prezidenti boldy (1966–1968). 1968-nji ýylyň 17-nji iýulynda rewolýusion çykyşlaryň netijesinde BAAS gaýtadan häkimiýete geldi. Prezidentlik wezipesini general *Ahmet Hasan al-Bakr* eýeledi. Aref tussag edilip, ýurtdan çykaryldy.

BASS-yň 5 adamdan ybarat partiýa ýolbaşçylygynda serkerde Saddam Hüseýin işjeňlik görkezip başlady. 1970-nji ýylyň 16-njy iýulynda wagtlaýyn Konstitusiýa kabul edilip, Yrak halk demokratik respublikasy jar edildi.

1970–1972-nji ýyllarda agrar özgertme geçirilip, iri ýer eýeçiligi öňküden hem 2 esse çäklendirildi. Kanun daýhanlary ýeri öňki eýesinden satyn almakdan boşadypdyr. Zähmet we pensiýa üpjünçiligi hakyndaky kanunlar halkyň ýagdaýyny gowulandyrypdyr.

1972-nji ýylda hökümet «Iraq Petroleum company» kompaniýasynyň emläklerini millileşdirmek barada karar kabul etdi. 1975-nji ýylyň ahyrynda ýurduň nebit senagaty tutuşlygyna millileşdirildi. Bu waka Yraga Müsüriň Sues kanalyny millileş-



*Abdur Rahman Aref*

dirmegi ýaly möhümdi. SSSR-iň goldawy bilen Yrak Rumeýlada milli nebit gazyp alýan senagaty döretdi. Yrak nebiti sosialistik lageriň ýurtlaryna – SSSR-e, GDR-e, Bolgariýa, Wengriýa, Polşa, Çehoslowakiýa, şeýle hem Fransiýa we Italiýa satylyp başlandy. Ykdysadyýeti ösdürmegiň bäşýyllyk meýilnamalary kabul edildi. Dünýä energetika çökgünligi hem-de nebit senagatynyň millileşdirilmegi yrak ykdysadyýetine uly girdejileri getirdi. Ol girdeji ýylda 21–26 *mlrd* dollara bardy. Ykdysadyýetde döwlet pudagyna üns berildi.

1972-nji ýylyň aprelinde Yrak bilen SSSR-iň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk hakynda Şertnama baglaşyldy. SSSR Demirgazyk Rumeýlada nebit promyseliniň, Tartar–Ýewfrat kanalynyň gurluşygyna kömek berdi.

1973-nji ýylyň oktýabrynda yrak goşunlary Ysraýylyň Siriýa garşy çozuşyny yza serpikdirmäge gatnaşypdyr.

**Yrak Saddam Huseýiniň dolandyryşy döwründe.** 1979-njy ýylyň 7-nji iýulynda al-Bakr wezipesinden çetleşdirilip, öý tussaglygyna alyndy. *Saddam Huseýin* Yragyň prezidenti boldy.



***Saddam Huseýin Abd al-Majid at-Tikriti** (1937–2006) – Yragyň döwlet we syýasy işgäri, prezidenti (1979–2003), premýer-ministri (1979–1991 we 1994–2003), BAAS partiýasynyň Yrak bölüminiň baş sekretary, rewolýusion dolandyryş geňeşiniň başlygy, marşal. Kair uniwersitetinde hukuk ugrundan bilim aldy. Saddam Huseýin ýörite tribunalyň karary bilen 2006-njy ýylda jezalandyryldy.*

Saddam ähli jogapkärli raýat we harby wezipeleri öz elinde jemledi. Ol özüni arap dünýäsiniň lideri hökmünde görkezmäge çalyşdy. Ýurtda BASS partiýasynyň ýeke-täk häkimligi ýola goýuldy. Siriýa bilen bilelikde Ysraýyla garşy durmaga synandy. Emma Siriýa bilen ýaranlygy basym sowaşdy. Eýrandaky yslam rewolýusiýasynyň Yraga eksport edilmeginden çekinip, Saud Arabystany, Iordaniýa, Liwiýa, Pars aýlagynda arap monarhiýalary bilen ýakynlaşdy.

Saddam Huseýin entek prezidentlige gelmänkä, nebitden gelýän girdeijileriň hasabyna ýurtda düýpli özgertmeleri durmuşa geçirdi. Özgertmeler maksatnamasy «güýçli ykdysadyýet, güýçli goşun, güýçli döwlet» şygary astynda geçirildi. Hususy pudagy ösdürmäge-de üns berildi. Ýurtda uniwersitetleriň, mekdepleriň, hassahanalaryň, elektrostansiýalaryň, suw geçirijileriň, ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy güýçli depginde dowam etdirildi. Sowatsyzlyga garşy göreş başlandy.

Oba ýerlerinde daýhanlara ýer bölekleri bölünip berildi. Nebitden uly girdejileri alýan Yrak beýleki arap ýurtlarynyň hem işçilerini özüne çekdi. Senagatdaky ýokary tehnologiki prosesleri dolandyrmak üçin, Yraga daşary ýurtly hünärmenler çagyryldy.

Hakykatdan-da, Saddam Huseýin ýurduň baştutanlygyna geçen pursatynda Yrak Ýakyn Gündogarda çalt depginde ösýän, ilatyň ýaşaýyş durmuş derejesi ýokary döw-

letdi. Emma Saddam Huseýiniň tutaşdyran iki sany urşy ýurdy çökgünlige hem-de weýrançylyga getirdi.

**Eýran–Yrak urşy.** Saddamyň döwründe Yrak iki goňşusy – Eýran we Kuweýt bilen uruş alyp bardy. Serhet meselesini düzgünleşdirmek üçin, 1980–1988-nji ýyllarda bolan *eýran-yrak urşuny* Yragyň özi başlady. Iki ýurduň arasyndaky çäk dawalary 1971-nji ýylda Eýranyň Pars aýlagynda Yraga degişli käbir adalary eýelemeginden soň başlanypdy. Birneme soňrak Yrak Eýranyň nebite baý serhetýaka Huzystan welaýatyny eýelemäge synandy. Saddam Hüseýin iki ýurduň taryhy serhediniň geçýän *Şatt el-arab derýasynyň* iki kenaryny hem öz gözegçiligine almak isledi. Eýranyň 1975-nji ýylda Bagdatda Muhammet Reza we Saddam Huseýin tarapyndan gol çekilen Yraga käbir çäkleri bermek baradaky şertnamany ýerine ýetirmezligi urşa bahana boldy. 1980-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda Yrak Şatt-el-Arab derýasynyň üstünden öz gözegçiligini dikeldip, Eýrana bu derýada gämi gatnawyny gadagan etdi. 22-nji sentýabrda Yrak Eýrana garşy urşa başlady.

Urşuň başynda Yrak goşuny Eýrana kürsäp girip, Horremşehri eýeledi. Ol Eýranyň 120 km çenli içine girdi. Dekabrda yrak goşunlarynyň hüjümi togtadyldy. 1982-nji ýyla çenli Eýran goranyşda boldy. 1982-nji ýylda Yrak basyp alan ýerlerini meýletin azat etdi we ýaraşyk baglaşmagyň ýollaryny gözledi. Emma Eýran Saddamyň düzgünini agdarmak we reparasiýa almak üçin, urşy dowam etdirdi. Urşuň üçünji – diplomatik göreş döwründe (1985–1987) Eýran diplomatik üzňelikden çykmaga synandy. Dördünji tapgyr bolsa ýaraşyk şertnamasynyň baglaşylmagy hem-de ABŞ-nyň aýlagda harby taýdan bolmagy bilen baglydyr. Uruşda Yragy ABŞ, Saud Arabystany we beýleki arap döwletleri, Eýrany bolsa Siriýa we Liwan goldadylar. 1984-nji ýylda Yrak ABŞ bilen 1967-nji ýylda kesilen diplomatik gatnaşyklaryny dikeltdi. Uruş döwründe Yrak 80 *mlrd* dollardan gowrak daşarky bergä batdy.

**Yragyň Kuweýti basyp almagy.** 1990-njy ýylyň iýul aýynda Yrak bilen Kuweýtiň gatnaşyklary ýaramazlaşypdy. Bagdat Kuweýtden serhetýaka ýataklaryndan nebit gazyp alany üçin çeken 2,4 *mlrd* dollar «zyýanynyň» öwezini dolmagy, eýran-yrak urşy döwründe Kuweýtden alan 17 *mlrd* dollar möçberindäki karzyny geçmegi, Yrakdan Pars aýlagyndaky strategik ähmiýetli Barba we Bubiýan adalarynyň özüne berilmegini ýa-da kärendesine berilmegini talap etdi.

1990-njy ýylyň 2-nji awgustynda Pars aýlagy sebitinde täze krizis emele geldi. Yrak Kuweýti basyp alyp, ony *Yragyň «as-Saddamiýa» atly 19-njy welaýaty* diýip yglan etdi. Kuweýt krizisi döwründe Yrak Ysraýyla garşy raketa çozuşyny gurady. Emma Ysraýyl bu prowokasiýa jogap bermedi. Saddam Huseýin Ysraýyla urgy etmek bilen, arap dünýäsinde abraýyny ýokarlandyrmaga çalyşdy. Palestinany halas ediş fronty, Ýemen, Liwiýa, Alžir, Tunis, Sudan, Iordaniýa, Mawritaniýa Saddama raýdaşlyk bildirdiler.

Yragyň Kuweýti eýelemegine garşy ABŞ-nyň baştutanlygyndaky NATO-nyň agzalary, arap döwletleriniň aglabasy çykyş etdiler. BMG-niň Howpsuzlyk Geňe-

şi 6-njy awgustda Yragyň garşysyna berk söwda-ykdysady sanksiýalary girizdi. 1991-nji ýylyň 15-nji ýanwaryna çenli Kuweýtiň territoriýasyndan yrak goşunlarynyň çykarylmagyny talap etdi. Yragyň prezidenti Saddam Huseýin talapnama jogap bermedi. NATO-nyň harby uçarlary Türkiýäniň harby bazalaryna getirildi. Saud Arabystanynyň haýyşy boýunça Yragyň çozuşyndan goranmak üçin, ABŞ-nyň 500 *müň* adamlyk goşuny we harby tehnikasy Arabystan çölüne getirildi. ABŞ-nyň we NATO-nyň harby-deňiz güýçleri Pars aýlagyna jemlendi. Kuweýti goldap, Müsür, Siriýa, Marokko hem bu ýere öz goşunyny ugratdy.

Dünýä ýurtlarynyň 28-siniň gatnaşmagynda amerikan generaly *Norman Şwarskopfyň* ýolbaşçylygynda Kuweýti azat etmegiň meýilnamasy işlenip düzüldi. Bu meýilnama «*Çöldäki harasat*» adyny aldy. 1991-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda Bagdat wagty bilen daňdan sagat 3-de Yraga garşy uruş başlandy. Uruş 42 gün dowam edip, 28-nji fewralda Kuweýt doly azat edildi. Şol günüň ertesi uruş hereketleri ýatyryldy. Yrak onuň çägine goşun salmazdan, boýun egdirildi.

1991-nji ýylyň 3-nji martynda Yrak garşydaşlarynyň şertlerini kabul edip, ylalaşyk baglaşdy. Oňa laýyklykda, Yrak Kuweýtden alyp giden ähli emlägini yzyna gaýtarmalydy. Ähli ýesirleri boşatmalydy. Şeýle-de Kuweýtiň çägine bolan dawasyny bes etmelidi. Oňa ýetiren zyýany üçin kontribusiýa tölemelidi. Yrak halkara gözegçileri üçin özüniň ähli harby desgalaryny görkezmäge ylalaşdy. Kuweýte çozuş Yraga gaty gymmat düşdi. Nebit pudagynyň 80%-i weýran edildi. Urşa çykdajylar 50 *mlrd* dollara ýetdi. Köprüler, aerodromlar, portlar hatardan çykaryldy.

**Kürtler meselesi.** Yragyň içerki meseleleriniň biri kürtler meselesidir. 1961--nji ýylyň 11-nji sentýabrynda *Mustafa Barzaniniň* baştutanlygynda kürtleriň gozgalaňy bolýar. 1962-nji ýylda gozgalaňçylar Yrak Kürdüstanynyň daglyk bölegini öz gözegçiligine alýarlar. Şeýlelikde, 1975-nji ýylyň martyna çenli dowam eden *Azat Kürdüstan* döreýär. 1970-nji ýylyň 11-nji martynda *awtonom Yrak Kürdüstanyny* döretmek barada kürt-yrak şertnamasyna gol çekildi. Bu Barzaniniň uly syýasy üstünligidi. Kerkuk meselesinde kürtler eglişige gidipdi – ol awtonomiýanyň düzümine girýärdi, emma onuň nebitine ygtyýarlyk merkezi häkimiýetiň elinde galýardy. 1974-nji ýylyň 11-nji martynda Yrak kürt halkynyň razylygyny almazdan, olara awtonomiýa bermek baradaky öz taslamasyny kabul edýär. Muňa jogap edip, Barzani ýene gozgalaňa baş göterýär. Kürtleriň nägileliginiň baş sebäbi Bagdat tarapyndan awtonomiýanyň çäginden Kerkugyň aýrylmagydy. Erbil Yrak kürtleriniň paýtagty boldy. *Mosul, Kerkuk, Süleýmaniýe* welaýatlarynda ýaşaýan kürtler Yragyň tutýan meýdanynyň 16%-ini, ilatynyň 20%-ini düzýär. Yrak Kürdüstanyndan, esasan, Kerkukdan zor bilen 350 müň adam mejbury göçürildi, 250 kürt obasy ýakyldy. Eýran bilen serhetde 25 kilometre uzaýan «*arap guşaklygy*» döredilip, oňa Yragyň arap ilaty göçürildi.

Eýrana garşy urşuň gidýän döwründe ýurduň içinde kürtleriň özbaşdaklyk meýilleri gaýtadan güýçlendi. Saddam Huseýin 1982-nji ýylda kürtlere garşy bilelikde

göreşmek barada ylalaşyk baglaşdy. Oňa görä, taraplar birek-biregiň çäginde 17 km çenli aralykda kürt urşujylaryny yzarlamaga razylyk aldylar. 1987–1989-njy ýyllarda yrak goşuny ýurduň demirgazygynda yrak kommunistlerine we kürtlere garşy himiýa ýaragyny hem ulanyp, «*Anfal*» atly harby operasiýany geçirdi. *Halabj obasynda* himiýa ýaragy ulanyldy. Yrak Kürdüstanynyň ilaty ýaşaýan ýerlerinden göçürildi. Dürli maglumatlara görä, 100–180 *müň* aralygyndaky adamyň ömür tanapy kesildi. Saddam Huseýin güýç ulanyp, Yrak Kürdüstanynyň üstünden harby-syýasy agalygyny dikeltdi.

1991-nji ýylyň martynda ýurduň demirgazygynda kürtleriň, günortada – Basrada şaýylaryň tolgunyşyklary güýçlendi. Olar yrak goşuny tarapyndan basylyp ýatyryldy. 1 *milliondan* gowrak bosgun (olaryň köpüsi kürtlerdi) goňşy Türkiýä we Eýrana gaçdylar. Ynsanperwer kömek üçin Yragyň demirgazygyna halkara güýçleri girizildi («*Provide Comfort*» operasiýasy). NATO-nyň «*Rahatlygy dikeltmek*» operasiýasy netijesinde Kürdüstanyň 3 welaýatyndan (Erbil, Süleýmaniýe, Dohuk) yrak goşuny çykaryldy. «*Erkin Kürdüstan*» ýene ýarym garaşsyzlygyny aldy. Yrak Kompartiýasy açyk hereket etmäge hukuk aldy. 1994–1998-nji ýyllarda Yrak *Kürdüstanynda raýatara urşy boldy. Häkimiýet ugrundaky göreşe Kürdüstanyň Demokratik partiýasy* we *Kürdüstanyň Watançylyk bileleşigi* gatnaşdy. Olaryň birinjisi Saddam Huseýiniň, ikinjisi bolsa Eýranyň goldawyny aldy. Erbil birinji, Süleýmaniýe bolsa ikinji tarapyň merkezine öwrüldi. 1998-nji ýylyň Waşington ylalaşygy boýunça ABŞ taraplaryň arasynda ýaraşygy gazanmagy başardy. Saddam Huseýiniň düzgüni döwründe yrak kürtleri Yrakdan bölünip aýrylmak meselesini goýmandy. Saddam Huseýiniň düzgünini agdarmakda ABŞ-a Yrak kürtleri ýardam berdiler.

2005-nji ýyldan başlap, Yrak Kürdüstanynyň prezidenti we Kürdüstanyň Demokratik partiýasynyň öňbaşçysy Mustafa Barzaniniň ogly *Masut Barzanidir*. Süleýmaniýe Yrak kürtleriniň merkezi şäheridir.

**«Yraga erkinlik» operasiýasy.** Uruşdan soň ABŞ Yragyň harby senagatyny berk gözegçilikde saklady. Ol Huseýini BMG-niň kararlaryny bozmakda aýyplady. 1995-nji ýylda Yragyň ençeme harby desgalaryny dikeldendigine, Kuweýtden çykaran harby tehnikalary ulanýandygyna, embargo garamazdan, Eýrandan 100 *müň* barrel, Iordaniýadan we Türkiýeden hem şol mukdarda nebit satyn alýandygyna şaýatlyk edýän 500 sany surat BMG-ä berildi.

ABŞ Yraga garşy girizen ykdysady sanksiýalaryny birneme ýumşatmaly boldy. 1996-njy ýylyň ahyrynda BMG-niň Yrak babatynda «*Azyk üçin nebit*» atly maksatnamasy kabul edildi. Oňa görä, azyk harytlaryny we lukmançylyk önümlerini satyn almak üçin, Yraga ýylda 2 *mlrd* ABŞ dollary möçberinde öz nebitini satmaga mümkinçilik döredildi. 2000-nji ýylda bu san 16 *mlrd* dollara çenli artdyryldy.

Kuweýtiň Yraga garşy bileleşik tarapyndan azat edilmeginden soňra, BMG-niň Howpsuzlyk geňeşiniň kabul eden 686 we 687-nji Rezolýusiýalarynda Yrakdaky köpçülikleýin gyryş ýaraglaryny we ony eltiş serişdelerini ýok etmek göz öňünde

tutulypdy. Şol kararlary ýerine ýetirmek üçin, 1991–1998-nji ýyllarda BMG-niň Yragy ýaragsyzlandyrmak boýunça ýörite komissiýasy (ÝUNSKOM) we MAGATE Yrakdaky köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň potensialyny inwentarizasiýa etmek we resmileşdirmek barada işler alnyp baryldy. Bu meselede Bagdat bilen BMG-niň arasynda ençeme gezek düşünişmezlikler boldy. 1998-nji ýylyň 20-nji dekabrynda ABŞ we Beýik Britaniýa Yraga 400-den gowrak raketa-bomba hüjümini etdiler. Bu hüjüm «*Çöldäki tilki*» adyny aldy. Ol BMG-niň kararlaryny bozmaklykdy.

2002-nji ýylyň 8-nji noýabrynda BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň Yrakda BMG-niň inspeksion-monitoring işini dikeltmek hakdaky 1441-nji Rezolýusiýasy kabul edildi. Emma ABŞ we Beýik Britaniýa Saddam Huseýiniň düzgünini ýaragly güýç bilen agdarmagy makul bildiler. Halkara terrorçylygyna garşy göreş bilen baglanyşykly amerikan-iňlis goşunlary 2003-nji ýylyň 20-nji martynda Yrakdaky Saddam Huseýiniň düzgünine garşy harby hereketlere başladylar. Ol harby operasiýa «*Yraga erkinlik*» diýlip atlandyryldy. Maksat Yrakda bar diýlip güman edilýän ýadro, himiýa, biologiýa ýaraglaryny ýok etmekden ybaratdy. Resmi taýdan BMG we NATO Yrakdaky harby hereketlere gatnaşmady. 9-njy aprelde Bagdat eýelendi. 1-nji maýdan 2004-nji ýylyň 28-nji iýunyna çenli Yrak soýuzdaşlar tarapyndan eýelendi. BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň 2003-nji ýylyň 22-nji maýyndaky 1483-nji we 2003-nji ýylyň 16-njy oktýabryndaky 1511-nji Rezolýusiýalarynda Yragyň statusy basylyp alnan ýurt diýlip kesgitlenildi. 2004-nji ýylyň 1-nji iýunynda Yrakda Wagtlaýyn hökümet döredildi. 8-nji iýunda basyp alyş düzgüni ýatyryldy. 2005-nji ýylyň 6-njy aprelinde geçirilen saýlawlaryň netijesinde kürt *Jelal Talabani* Yragyň prezidentligine saýlandy.

Saddam Huseýin duşmanlaryndan gizlenip, sypjak boldy. Emma 2003-nji ýylyň 13-nji dekabrynda ony tapdylar. Saddam Huseýin häkimiýetden daşlaşdyrylyp, soňra ýörite tribunalyň karary bilen 2006-njy ýylyň 30-njy dekabrynda jezalandyryldy. 2011-nji ýylyň 18-nji dekabrynda ABŞ Yrakdan öz goşunlaryny çykardy.

Soňky saýlawlaryň netijesi boýunça ýurtda milli we dinara oňşuklylygy gazanmak maksady bilen hökümetdäki wezipeler şeýle tertipde paýlaşyldy – premýer-ministr şaýylardan (ilatyň 65%-i), prezident kürtlerden, parlamentiň başlygy sünnülerden (ilatyň 35%-i) bolmalydy. 2010-njy ýylyň noýabrynda *Jelal Talabani* ikinji möhlete prezident saýlandy.



***Jelal Husameddin Talabani*** *(1933-nji ýylda doglan) – kürt we yrak syýasy işgäri. Bagdat uniwersitetini hukukçy hünäri boýunça tamamlady. Barzaniniň döwründe kürtleriň awtonomiýasyny giňeltmek boýunça birnäçe halkara-diplomatik missiýalary ýerine ýetirdi. 2005–2014-nji ýyllarda Yragyň prezidenti boldy.*

2014-nji ýylyň 24-nji iýunyndan başlap, Yragyň prezidenti *Muhammed Fuad Masum Hawramidir*. Ol 1992–1994-nji ýyllar aralygynda Yrak Kürdüstanynyň birinji premýer-ministri boldy.



*Aşşurbanipal II-niň Nimruddaky köşgi. 2015 ý. martynda DAIŞ-iň terrorçylary tarapyndan ýok edildi*

ABŞ Yrakdan öz goşunlaryny çykarandan soň, bu ýerde raýatara uruş başlandy. Yrakdaky ýaragly toparlanyşyklar «*Yragyň erkin goşunyny*» döretdiler. Bu toparlanyşyk Siriýada Başar Asadyň düzgünine garşy oppozisiýany goldaýarlar. Eger Saddamyň döwründe ilatyň aglaba köplügini düzen şaýylar onuň düzgünine garşy gozgalaň eden bolsalar, ýurduň günortasynda köpçülikleýin ýaşaýan şaýylar indi Yrakdan özbaşdaklyga ymtylýarlar. *Yragyň we Siriýanyň Yslam döwleti (DAIŞ)* terrorçy guramasy Yragyň köp bölegini basyp aldy. Terrorçylar 2014-nji ýylyň 10-njy iýunynda Mosul, 11-nji iýunynda Tikrit şäherlerini eýelediler. Mosulyň 500 *müňe* golaý ilaty terrorçylardan gaçdylar. 29-njy iýunda DAIŞ Yrakda we Siriýada öz gözegçilik edýän ýerlerinde *Abu Bakrom al-Bagdadiniň* baştutanlygynda halyflygyň döredilýändigini jar etdiler. Mosul Yslam döwletiniň paýtagty diýlip yglan edildi. 2014-nji ýylyň awgustynda terrorçylar Sinjar şäherini eýeläp, ol ýerdäki ýezitleri gyrdylar. 2016-njy ýylyň 5-nji iýunynda hökümet goşunlary Yragyň köp bölegini terrorçylardan arassaladylar. Ýaragly çaknyşygyň barşynda Yrak Kürdüstanynyň ýaragly güýçleri («*Peşmerga*») DAIŞ-iň elinden Sinjary we Kerkugy azat etdiler. ABŞ-nyň ýolbaşçylygynda dünýäniň birnäçe döwletleri Yrak hökümetine garşy baş galdyran gozgalaňçylara garşy göreşde Yrak hökümetine ýaragly kömek berdiler. 2017-nji ýylyň 9-njy iýulynda Mosul terrorçylardan azat edildi. Emma Yrak hökümetine berlen kömege seretmezden, ýurtdaky ýaragly çaknyşyklary 2018-nji ýylyň ortasynda hem doly ýok etmek başartmady. Ýaragly çaknyşyk netijesinde Yragyň birnäçe obadyr şäherleri tozduryldy, ýurduň ykdysadyýetine uly zyýan ýetirildi. Halkara ykdysady gabaw, uruşlar we terrorçylaryň weýrançylyklary Yragyň ykdysadyýetini pese gaçyrdy.



*Ýunus pygamberiň Mosuldaky metjidi. 1999 ý. suraty. DAIŞ tarapyndan 2014 ý. ýok edildi*

Siriýada bolşy ýaly, DAIŞ-iň terrorçylary Yrakda-da medeni mirasyň gymmatly ýadygärliklerini ýok etdiler. 2015-nji ýylyň fewralynda olar Mosulyň merkezi kitaphanasyny ýaryp, 10 *müňden* gowrak kitaby ýok etdiler. Kitaphananyň howlusynda kitaplary we golýazmalary oda ýakdylar. Mosulyň muzeýindäki eksponatlary ýekedaban we daş owradyjylar bilen ýok etdiler. 2015-nji ýylyň martynda gadymy assiriýa şäheri Nimrudy (b.e.öňki XIII

asyr), Hatra şäherini (b.e.öňki III asyr) buldozerler bilen tep-tekiz etdiler, Dur-Şarrukin şäherini bolsa (b.e.öňki VIII asyr) talap, bölekleýin ýok etdiler. 2016-njy ýylyň aprelinde terrorçylar Mosulyň golaýyndaky «*Hudaýyň derwezesi*» atly 2 *müň* ýaşly binagärlik toplumyny ýok etdiler. DAIŞ musulman ýadygärlikleriniň hem ençemesini ýok etdi. 2014-nji ýylda, köplenç, şaýy metjitleriniň ençemesini terrorçylar weýran etdiler. 2015-nji ýylyň maýynda DAIŞ Mosulyň golaýyndaky 1821-nji ýylda gurlan Merýem hatyn metjidini ýykdy. Olar Mosuldaky 1838-nji ýylda salnan Soltan Weýis, XIX asyryň al-Hadra taryhy metjitlerini-de ýardylar. Terrorçylar 2016-njy ýylyň iýunynda Nimruddaky Nabu ybadathanasyny, 2017-nji ýylyň iýunynda Mosuldaky XII asyrda gurlan an-Nuri metjidini we minarasyny ýardylar. ÝUNESKO-nyň ýolbaşçysy Nimrudyň ýok edilmegini harby jenaýatçylyk diýip atlandyrdy.

♦ **Mustafa Barzani** (1903–1979) – Yrak kürtleriniň öňbaşçysy. Eýranda Ikinji Jahan urşundan soň kürtleriň döreden *Mehabad Respublikasynda* harby ministr bolýar. Bu respublika ýok edilensoň, SSSR-de 12 ýyllap syýasy emigrasiýada ýaşaýar. 1958-nji ýylyň rewolýusiýasyndan soň ýurduna dolanýar.

♦ **Saddam** – **«zarba urujy»** diýmegi aňladýar.

♦ **«Opera» («Wawilon») operasiýasy** – 1981-nji ýylyň iýunynda Yragyň harby howa güýçleri tarapyndan Yragyň Fransiýadan satyn alan «Osirak» atly ýadro reaktoryny ýarmaklygy.

♦ **«Anfal» («Olja»)** – 1987–1989-njy ýyllarda Demirgazyk Yrakda kürt ilatyna garşy alnyp barlan harby operasiýa.

♦ Saddam Huseýin köşkleriniň sanynyň hem-de häkimiýetdäki garyndaşlarynyň sanynyň köplügi boýunça Ginnessiň rekordlar kitabyna girendir.

♦ DAIŞ tarapyndan 2014-nji ýyldan başlap, Yrakda ýezitler genosid syýasatyna sezewar edildi.

♦ **Peşmerga** (kürt.*peşmerge* – «*ölümiň ýüzüne göni seredýän*») – Yrak Kürdüstanyndaky harbylaşdyrylan kürt harby birikmesi. 1890-njy ýyldan şu wagta çenli hereket edýär. Sany takmynan 150–200 *müň* adam.

♦ «Meniň ýazgy gündeligimden: 1973-nji ýylyň 22-nji ýanwarynda agşam sagat 20-de men Bagdadyň respublikan köşgünde Saddam bilen duşuşdym...«Irki» Saddam başgaçady, Moskwa ony ýöne ýere geljegi uly lider hasaplamaýardy. Meniň bilen gürrüňdeşlikde ol Yragyň näme sebäpden SSSR bilen aýratyn gatnaşyklara ymtylýandygyny esasly görnüşde düşündiripdi. Saddam: «Mesele bize goşmaça kömek berilmeginde däldir. Yrak – baý döwlet. Emma bize siziň biziň ýurdumyzy ylmy esasda gurmagy öwretmegiňiz zerur. Özara ynanyşmak esasynda syýasy maslahatlaryňyz zerur» diýýärdi.

**Çeşme:** *Примаков Е.М.* Конфиденциально: Ближний Восток на сцене и за кулисами. – М., 2016. – С.315-316.

♦ ABŞ-nyň Yrakdaky harby hereketleriniň hem-de özara bölünijilik we dinara göreşiň netijesinde 1 *milliondan* gowrak yrak raýaty wepat boldy, 5 *milliondan* gowrak adam ýurdy taşlap gitdi.

**Çeşme:** *Примаков Е.М.* Конфиденциально: Ближний Восток на сцене и за кулисами. – М., 2016. – С.338.

# § 6. Saud Arabystany



***Saud Arabystany*** *(Al-Mamlýaka al-Arabiýa as-Saudiýa) — Arabystan ýarymadasynda, Günorta-Günbatar Aziýada ýerleşen döwlet. Tutýan meýdany 2,15 mln inedördül km (dünýäde 14-nji ýerde), ilaty 2015-nji ýylyň maglumatyna görä 31,5 mln adam (dünýäde 41--nji ýerde). Demirgazykda Iordaniýa, Yrak, Kuweýt, gündogarda Pars aýlagy bilen ýuwulýar hem-de Katar we BAE, günorta-gündogarda Oman, günortada Ýemen bilen araçäkleşýär. Günbatarda Gyzyl deňzi we Akaba aýlagynyň suwy bilen ýuwulýar. Paýtagty – Er-Riýad şäheri.*







Ikinji Jahan urşundan soň Saud Arabystanynyň içeri we daşary syýasatynda *nebit* kesgitleýji orun tutup başlady. Gysga wagtda Saud Arabystany dünýäde iň iri nebit çykarýan ýurda öwrüldi. ARAMKO (*arap-amerikan kompaniýasy*) ýurduň nebit ýataklaryny çalt depginlerde özleşdirdi we nebiti köp mukdarda daşary ýurt bazarlaryna çykaryp başlady. 1945-nji ýylda ol ýene dört sany ýatagy özleşdirdi. 1951-nji ýylyň maýynda bolsa Pars aýlagynyň kontinental ýalpaklygynda – *Safaniýada*, gury ýerde bolsa *Gawarda* dünýäde iň iri nebit ýatagy açyldy. Jiddada we Er-Riýadda nebit zawodlary guruldy. ARAMKO-nyň Saud Arabystanynda gazyp alýan nebiti ABŞ-nyň özündäkisinden oňa 10 esse, Wenesueladan alanyndan 5 esse arzan düşýärdi. Onuň Saud hökümetine tölän salgydyndan soň alýan arassa girdejisi 2,5 *mlrd* dollara ýetýärdi. Başgaça, ol goýan maýasynyň 58%-ini girdeji edip gaýdyp alýardy. Saud hökümeti geçirilen gepleşikleriň netijesinde 1950-nji ýylyň 3-nji dekabrynda kompaniýa bilen girdejini 50x50 möçberinde paýlaşmagy ylalaşdy. Şol sebäpli 50-nji ýyllardan ýurduň girdejisi has tiz artyp başlady.

70–80-nji ýyllarda Saud Arabystany dünýä ýurtlaryny nebit bilen üpjün etmekde esasy ýurt bolmagynda galdy. Haçanda, Eýranda Aýatolla Homeýniniň ýolbaşçylygynda rewolýusiýa bolup, onuň ABŞ bilen arasy erbetleşen wagty, Saud Arabystany nebit öndürmegini gije-gündizde 10,3 *mln* barrele çenli artdyrdy. Eger

1938-nji ýylda ýurt nebitden 0,5 *mln* dollar girdeji alan bolsa, 1973-nji ýylda bu san 4,3 *mlrd* dollara ýetdi. Diňe 1976–1980-nji ýyllarda döwlet nebitden 300 *mlrd* amerikan dollary mukdarynda girdeji aldy. Döwlet özüniň girdejileriniň 80%-ini nebitden gelýän girdejiniň hasabyna edinýärdi.

**Saud Arabystanynda nebitden gelýän girdejinin artyşy**




Nebitden alýan girdejisiniň hasabyna döwlet ýurtda agyr senagaty ösdürmäge başlady. Ýurt bäşýyllyk maksatnamalar boýunça ösdürilýärdi. 1980–1985-nji ýyllary öz içine alan üçünji bäşýyllyk maksatnamada ýurduň durmuş-ykdysady ösüşi üçin döwlet ABŞ-nyň 211 *mlrd* dollaryny gönükdirip, şonuň 45 *milliardy* senagaty ösdürmäge niýetlenildi. Täze tehnologiýalara esaslanýan zawodlar, fabrikler, ýollar, aeroportlar, deňiz portlary guruldy. Emma 80-nji ýyllarda dünýä bazarynda nebitiň bahasy pese gaçdy. Bu bolsa iri nebit öndürýän ýurt bolan Saud Arabystanynyň nebiti az çykarmagyna we girdejisiniň azalmagyna getirdi. Eger 1980-nji ýylda her günde ortaça 9 *mln* barrel nebit öndürilen bolsa, 1985-nji ýylda ol günde 2,3 *mln* barrele çenli azalypdy. Degişlilikde, nebitden gelýän girdeji 101 *mlrd* dollardan 22 *mlrd* dollara çenli peseldi. Nebitiň barlanan gorlary 260 *mlrd* barrele deň bolup, ol dünýädäki gorlaryň takmynan dörtden biridir.

Saud Arabystany 90-njy ýyllaryň başlarynda ykdysady çökgünligi başdan geçirdi. 1990-njy ýylyň 2-nji awgustynda Yragyň Kuweýte çozuş eden döwründe *Fahd ibn Abdulaziz as-Saud* arap we dünýäniň beýleki ýurtlaryny basybalyjyny Kuweýtden çykarmaga çagyrdy. Ol öz ýurdunyň Yragyň çozuşyna sezewar edilmeginden howatyrlanyp, kömek sorap, ABŞ-a ýüz tutýar. Saddamyň özüni umumarap dünýäsiniň öňbaşçysy hökmünde görkezmegi Saud Arabystanyna ýaramady. ABŞ-nyň baştutanlygynda geçirilen «*Çöldäki harasat*» operasiýasy netijesinde Yrak Kuweýt

ýerlerinden çykarylýar. «*Aýlag krizisi*» hem-de 2003-nji ýylda Saddam Huseýiniň düzgünine garşy ABŞ-nyň ýolbaşçylygyndaky başlanan harby hereketler sebäpli Saud Arabystany ýaraglanyşyga köp harajat etmäge mejbur boldy. Umuman, geçen asyryň 90-njy ýyllary Saud Arabystanynyň ykdysadyýeti üçin çökgünlik döwri boldy. «Çöldäki harasat» zerarly ol 70 *mlrd* dollar zyýan çekdi. Nebitden gelýän girdejiler kemeldi. Diňe nebitden gelýän girdejilere daýanyp, döwletiň durnukly ösüşini üpjün edip bolmajakdygyny wagt görkezdi. Şeýle bolansoň, saud hökümeti ykdysady ösüşiň maksatnamasyna düýpli üýtgetmeleri girizdi. Ol 90-njy ýyllardaky 5–6-njy bäşýyllyk meýilnamalarda öz beýanyny tapdy.

Özgertmeler 6 sany esasy ugry öz içine aldy:

1) nebitden beýleki girdeji çeşmeleriniň hasabyna hökümet çykdajylaryny giňeltmek;

2) hususy pudaga daýanmagy güýçlendirmek;

3) ýerli işçi güýjüni ýokary hünär derejesinde taýýarlamak;

4) importyň düzümini azaltmak we eksporty giňeltmek;

5) nebitden beýleki pudaklaryň hasabyna ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak;

6) dürli sebitleri özara sazlaşykly ösdürmek.

1995–1999-njy ýyllara niýetlenen altynjy bäşýyllyk maksatnamada döwlet pudagynyň kärhanalaryny hususyýetçilere satmak alnyp barylýar. Bäşýyllygyň dowamynda ykdysady ösüşiň depginini her ýylda 3,45% ösdürmek meýilnamalaşdyryldy. 90-njy ýyllarda ýerli hünärmenleri taýýarlamaga aýratyn ähmiýet berilýär. Şol döwürde geçirilen özgertmeler ýurduň ykdysady ösüşini çaltlandyrdy. 90-njy ýyllaryň ikinji ýarymynda ýurduň ýyllyk milli girdejisi takmynan 130–140 *mlrd* dollara deň boldy. Saud Arabystany ýylda kömege mätäç arap ýurtlaryna 12 *mlrd* dollar kömek berýär. 2005-nji ýylda Saud Arabystany Bütindünýä Söwda guramasyna agza boldy.

«Arap bahary» mahalynda Saud Arabystanynda hem tolgunyşyklar bolup geçdi. Ýurduň patyşasy durmuş maksatlary üçin 16 *mlrd* dollary bölüp bermegi wada etdi. XXI asyryň ikinji onýyllygynyň birinji ýarymynda dünýä bazarynda nebitiň bahasynyň has pese gaçmagy ýurduň ykdysadyýetine agyr täsir etdi. Saud Arabystany nebitiň arzanlamagy bilen birnäçe nebit öndürýän ýurtlar bäsdeşlige çydaman, dünýä bazarlaryndan gitmegine bil baglapdy. Emma bu pikir amala aşmandan soň, 2016-njy ýylyň ahyrynda nebit öndürýän ýurtlar nebit öndürmekligi çäklendirmek barada gepleşikler geçirdi. Nebit öndürmegiň möçberlerini dünýä möçberinde azaltmagyň hasabyna nebitiň bahasyny ýokarlandyrmaga synanyşyk edildi. Bu syýasat bellibir derejede netijesini hem berdi.

**Saudlar nesilşalygy.** Saud Arabystanyny döwlet hökmünde dörän gününden bäri *Saudlar nesilşalygy* dolandyrýar, ýurt döwlet gurluşy boýunça monarhiýadyr. Nesilşalygy esaslandyran Hijazyň we Neždiň patyşasy *Abdulaziz ibn Saud* bolupdy (*Seret: IV bap, §9*). Hut şol hem Saud Arabystany döwletiniň ilkinji patyşasy bolup, häzire çenli ýurduň patyşasy bolanlaryň ählisi şonuň ogullarydyr.

Ýurduň ilkinji patyşasy ýurdy 1932–1953-nji ýyllarda dolandyryp, 1953-nji ýylyň 9-njy noýabrynda ol aradan çykandan soň, onuň ornuna ogly *Saud ibn Abdulaziz* tagta geçdi. Feýsal tagt mirasdary hem-de daşary işler ministri boldy.

1958–1964-nji ýyllarda Saud Arabystanyny tagt ugrundaky göreşler gurşap aldy. Birnäçe dawalardan soň Faýsal Saudy tagtdan aýyrmagy başardy. Saud 1964-nji ýylda tagtdan el çekdi we daşary ýurda gitdi (ol ilki Ženewada, soňra Gresiýada ýaşady we şol ýerde 1969-njy ýylda aradan çykdy).

Feýsal 1964–1975-nji ýyllarda ýurdy dolandyrdy. Ol ozal 30 ýyllap (1930–1960) ýurduň daşary işler ministri bolupdy. Ol Ysraýylyň arap ýerlerini eýelemegine garşy göreş alyp bardy. Müsüri goldady. Öz nebitiniň bahasyny 3 esseden gowrak ýokarlandyryp, ony Günbatara garşy «ýarag» hökmünde ulandy. Dünýä energetika çökgünligi ýyllarynda Saudlaryň JIÖ-si ýylda 250% ýokarlandy. 1973-nji ýylda ol nebitden 4 *mlrd*, ýene dört ýyldan bolsa 40 *mlrd* dollar girdeji aldy. 1974-nji ýylda Saudlar neberesiniň daşary ýurtlara beren kömeginiň möçberi 2,2 *mlrd* ABŞ dollaryna ýetdi. Feýsalyň dolandyryşy nebit öndürilişiniň üç esseden-de gowrak ýokarlanmagy bilen alamatlandy. Nebitden gelen girdejiler infrastruktura taslamalaryny amala aşyrmaga gönükdirildi. Feýsal nebit pudagynyň üstünden döwlet gözegçiligini artdyrdy. Eger 1972-nji ýylda ARAMCO-da Saudlaryň paýy 25% bolan bolsa, 1975-nji ýylda ol eýýäm 60%-e bardy. Senagaty ösdürmek maksady bilen daşary ýurt import, esasan-da, senagat ähmiýetli çig mallaryň we tehnologiýalaryň, azyk, harytlarynyň getirilmegi höweslendirildi. Hut Faýsalyň döwründe ykdysadyýetde bäş ýyllyk meýilnamalar girizildi.

Faýsal 1975-nji ýylyň 25-nji martynda ýegeni *Faýsal ibn Musaid* tarapyndan atylyp öldürilenden soň, tagta Abdulaziz ibn Saudyň ýene bir ogly *Haled* geçdi. Tagta geçýänçä ol ýurdunyň BMG-däki wekili bolup işläpdi. Halediň döwründe ýurtda häzirkizaman infrastrukturasy döredildi. Saglygy goraýyş ulgamy kämilleşdirildi. Ikinji bäşýyllyk durmuşa geçirildi. ABŞ bilen ozalky daşary syýasy gatnaşyklar dikeldildi.

1982-nji ýylyň 13-nji iýunynda Haled ýogalandan soň, *Fahd ibn Abdulaziz as-Saud* tagta geçip, ol tä 2005-nji ýyla çenli ýurduň patyşasy boldy. Onuň dolandyran döwründe 1986-njy ýyldan başlap, ýurduň patyşasyna «*Iki mukaddesligiň eýesi*» unwany berilýär. Şondan soňky hökümdarlaryň ählisi bu tituly göterýärler. 1995-nji ýylda Fahd agyr insulty başdan geçirensoň, dolandyryşy onuň adyndan dogany Abdalla alyp bardy. Fahd Saudlaryň taryhyna 1992-nji ýylda Esasy Kanuny (Nizam) kabul ediji hökmünde girdi.



*Abdalla ben Abdulaziz al-Saud*

2005–2015-nji ýyllarda ýurda 10 ýyllap döwletiň ilkinji patyşasynyň ogly *Abdalla ben Abdulaziz al-Saud* patyşalyk etdi. Abdalla 7 *müňden* gowrak agzasy bolan korol maşgalasyna döwlet gaznasyndan peýdalanmagy, monarhyň elini öpmek düzgünini gadagan etdi. Abdalla 70 *müň-*

*den* gowrak ýaşlary dünýäniň 25 ýurdunda döwletiň hasabyna okuwa ugratdy. Abdalla 2011-nji ýylda sosial maksatlar üçin 37 *mlrd* dollar möçberinde serişdeleri goýberdi.

Abdalla 91 ýaşynda aradan çykandan soň, onuň süýtdeş dogany *Salman ibn Abdulaziz al-Saud* tagta geçdi.



***Salman ibn Abdulaziz al-Saud*** *1935-nji ýylda Saud Arabystanynyň patyşasynyň maşgalasynda eneden dogulýar. Ol 1963–2011-nji ýyllar aralygynda tas ýarym asyr diýen ýaly ýurduň paýtagtynyň – Er-Riýadyň häkimi bolup işledi. Ol paýtagt şäheriň gülläp ösmegi üçin köp zähmet çekýär we Er-Riýady dünýäniň öňdebaryjy şäherleriniň birine öwürmegi başarýar. 2011–2015-nji ýyllarda ýurduň goranmak ministri wezipesinde işleýär. 2015-nji ýylyň 23-nji ýanwarynda, 81 ýaşynda Saud Arabystanynyň patyşasy we iki mukaddesligiň goragçysy bolýar.*

Ýurduň Konstitusiýasynda ýurdy dolandyryjylar Abdulaziz ibn Saudyň nebereleriniň bolmalydygy kanun esasynda berkidilen. Diňe tagta geçen patyşa özüne mirasdüşer şazadany bellemelidigi hem kanunlaşdyrylypdyr. Emma kanunda onuň ogullarynyň ýa-da agtyklarynyň haýsy tertipde tagta geçmelidigi anyklanmandygy sebäpli, käwagt tagt ugrunda özara göreşler hem bolýar. Seýlelikde, 1932-nji ýyldan tä 2018-nji ýylyň başyna çenli Saud Arabystanyny döwleti esaslandyryjynyň özi we ogullary dolandyrdylar.

Saud Arabystany nebit gorlary boýunça dünýäde 1-nji döwletdir. Dünýäniň nebit gorlarynyň tas dörtden biri bu döwletiň paýyna düşýär. Ýurduň ýarpy girdejisi nebitden gelýär. Ýurt OPEK-iň esasy agzalarynyň biridir. Pars aýlagyndaky *Dammam, Jubaýl, Hafji* portlary möhüm ähmiýete eýedir. Olarda esasy nebiti gaýtadan işleýän kuwwatlyklar ýerleşendir. Ýurduň çäginde turba geçirijileriň umumy uzynlygy 7067 *km* bolup, şonuň 5062 *km*-i nebit, 837 *km*-i gaz, 1187 *km*-i gysylan gazy geçirijilerdir.



*Mekgedäki mukaddes Käbäniň görnüşi*



*Medinedäki Muhammet pygamberiň metjidi*



*Saud Arabystanynda gurulýan Patyşa diňi*

Saud Arabystany yslam dininde iki mukaddesligiň watanydyr. Mekgede ähli musulmanlaryň zyýarat edýän mukaddesligi Käbe, Medinede Muhammet pygamberiň gubury ýerleşýär. Ýurduň ilatynyň 88%-i şäherlerde ýaşaýar. Iň iri şäher er-Riýad bolup, onda 4 *mln* çemesi ilat ýaşaýar. Ilatynyň 30%-iniň immigrantlardygy göz öňünde tutulyp, olaryň uýýan dini garaýyşlaryna (*hristiançylyk, induizm, buddizm, sikhçilik, bahaiçilik*) sarpa goýulýar.

Ikinji uly şäheri Jidda bolup, ol ýurduň ykdysady merkezidir. Onda 3,4 *mln*, mukaddes Medinede 1,3 *mln* adam ýaşaýar. Mekge şäherine ýylda 2 *mln* çemesi adamyň haja barýandygy üçin, ýurtda 2014-nji ýylda ilkinji metro işe girizildi. 2005-nji ýylda ýurduň demirgazygyny we günortasyny birikdirmegi göz öňünde tutýan «Demirgazyk – Günorta» taslamasyna badalga berildi. Umumy uzynlygy 2400 *km* bolan bu demirýoluň bahasy 2 *mlrd* dollardan gowrakdyr. Ýurtda 208 aeroport bolup, olaryň 6-sy halkara derejelidir.

Saud Arabystanynda uzynlygy 1000 metr bolan *Patyşa diňi (Kingdom Tower)* gurulýar. Ol Jiddadan 32 km uzaklykda ýerleşen *Kingdom City* taslamasynyň merkezi we ilkinji binasy bolar. Umumy bahasy 1,2 *mlrd* ABŞ dollaryna deň bolan taslamanyň awtory Dubaýdaky Burj Halifany guran Edrian Smit hasaplanýar. 2013-nji ýylyň ahyrynda gurluşygyna başlanan binanyň 2019-njy ýylda ulanmaga berilmegine garaşylýar.

## § 7. Ýemen



***Ýemen Respublikasy** – Arabystan ýarymadasynyň günorta-günbatarynda ýerleşen döwlet. Tutýan meýdany 537 müň inedördül km. Ilaty 2011-nji ýylyň maglumatlary boýunça 25 mln 130 müň adam. Demirgazykda Saud Arabystany, gündogarda Oman bilen serhetleşýär, günortada Arap deňziniň we Aden aýlagynyň, günbatarda Gyzyl deňziň suwlary bilen ýuwulýar. Kamaran, Perim, Sokotra we beýleki adalar Ýemene degişli. Ýemen gadymy rimlileriň «Arabiýa Feliks» («Bagtly Arabystan») atlandyran ýerleriniň esasy bölegini tutýar. Paýtagty – Sana şäheri.*

Ikinji Jahan urşundan soň Ýemen bilen iňlis protektoraty astyndaky Adeniň arasynda serhet meselesi düzgünleşdirilmän galdy. Ýurt 1990-njy ýyla çenli ikä bölüngiligine galdy.







**Demirgazyk Ýemen.** 1946-njy ýylda ýemen taýpalary bilen iňlisleriň golastyndaky ýerleriň goşunynyň arasynda çaknyşyklar boldy. 1948-nji ýylyň 17-nji fewralynda Ýemeniň ymamy *Ýahýa* dildüwşik netijesinde öldürildi. *Abdalla al-Wazir* ýurduň täze hökümdary boldy. Mirasdar şazada Ahmet bolsa ýurduň demirgazygyna gaçyp, oňa garşy göreşe başlapdyr. Dolandyryjy neberäniň arasynda häkimiýet ugrunda ýiti göreş tutaşýar. 1956-njy ýylda Ahmet Müsür, Siriýa, Saud Arabystany bilen harby ýaranlyk baglaşyp, SSSR-e kömek sorap ýüz tutdy. 1958-nji ýylda Ýemen Birleşen Arap Respublikasynyň konfederasiýasyna girdi.

1962-nji ýylyň sentýabr aýynyň 26-syndan 27-sine geçilýän gije harbylar ýurtda döwlet agdarylyşygyny gurap, monarhiýany agdardylar we respublikany berkarar etdiler. Agdarylan ymam *Muhammet al-Badr* (ymam Ahmediň ogly) özüne wepaly zeýd taýpalarynyň arasyna gaçdy. Ýurt iki bölege – monarhiýaçylara we respublikanyň tarapdarlaryna bölünip, raýatara urşy başlandy. Monarhiýaçylara Saud Arabystany we konserwatiw arap döwletleri goldaw berdi. 1965-nji ýylyň awgust aýynyň ahyrynda Jiddada Feýsal bilen Naseriň arasynda baglaşylan ylalaşyga laýyklykda, Müsür 9 aýyň dowamynda Ýemen Arap Respublikasyndan (ÝAR) goşunlaryny çykarmaga, Saud Arabystany bolsa monarhiýanyň tarapdarlaryna goldawyny bes etmäge borçlandylar. Saud Arabystany ÝAR-y resmi taýdan ykrar edensoň, 1970-nji ýylyň baharynda raýatara urşunyň soňuna çykyldy.

1972-nji ýylyň güýzünde ÝAR bilen Günorta Ýemeniň (ÝHDR) arasynda serhetýaka dawalary ýüze çykdy. ADL-iň araçyllygynda taraplary ýaraşdyrmak başartdy. Kairde (1972 ý. 28 oktýabry) we Tripolide (1972 ý. 28 noýabry) baglaşylan resminamalarda iki Ýemeniň baştutanlary geljekde «*arap nusgasyndaky yslam sosializmini gurmaga ymtylýan*» döwlete birleşmegiň maksadalaýyklygyny ykrar etdiler.

1974-nji ýylyň 13-nji iýunynda ÝAR-da harbylar polkownik Ibragim al-Hamdiniň ýolbaşçylygynda häkimiýete geldiler. 1977-nji ýylyň 11-nji oktýabryndaky köşk agdarylyşygynyň netijesinde al-Hamdi öldürildi. Prezident dolandyryşyna geçildi. Ilkinji prezident al-Gaşimi 1978-nji ýylyň 24-nji iýunynda öldürilensoň, onuň ýerine *Aly Abdylla Saleh* geçdi. 1978–1979-njy ýyllarda iki Ýemeniň arasyn-

da ýene ýaragly çaknyşyklar boldy. 1979-njy ýylyň martynda Ýemen birligi barada jarnama kabul edilensoň, iki Ýemeniň arasyndaky gatnaşyklar ýygjamlaşdy. 80-nji ýyllarda iki tarap hem ýurdy birleşdirmek barada yzygider tagallalary alyp bardylar.

1987-nji ýylda ÝHDR bilen Omanyň arasynda serhetýaka çaknyşygy boldy. Bu dawa oman goşunynyň çykarylmagyndan hem-de taraplaryň halkara guramalarynyň gatnaşmagynda serhetleri täzeden demarkasiýa etmäge ylalaşandan soňra, 1997-nji ýylda doly çözüldi. 1990-njy ýylda ABŞ bilen 1970-nji ýylda kesilen diplomatik gatnaşyklar dikeldilýär. Goşulmadyk döwlet hökmünde ÝAR 1964-nji ýylda SSSR bilen dostluk hakynda şertnama baglaşdy, ol 1984-nji ýylda gaýtadan uzaldyldy. Ol Günbatar ýurtlary bilen hem dostlukly gatnaşyklary saklady. 1989--njy ýylda ÝAR Yrak, Müsür, Iordaniýa bilen birlikde arap hyzmatdaşlygynyň Geňeşine girdi. ÝAR eýran-yrak urşunda Yragy goldady. 1987-nji ýylyň noýabrynda ÝAR Müsür bilen diplomatik gatnaşyklary dikeltdi. 1988-nji ýylyň fewralynda ÝHDR hem şeýle ädimi ätdi.

1990-njy ýyla çenli ÝAR bilen Saud Arabystanynyň arasyndaky gatnaşyklar dartgynly bolmagynda galdy. Ýemen bu goňşusyny Demirgazyk bilen Günortanyň birleşdirilmegine päsgel bermekde aýyplady. Ýurt birleşdirilenden soňra, olaryň gatnaşyklary serhet meselesinde ýitileşdi. 1996-njy ýylyň iýulynda olaryň arasynda howpsuzlyk barada ikitaraplaýyn ylalaşyk gazanyldy.

**Ýemen Halk Demokratik Respublikasy (Günorta Ýemen).** Harby-strategiki ähmiýete eýe bolan *Aden* iňlis protektoraty astyndady. 1957-nji ýylda ol Suesden gündogarda Beýik Britaniýanyň iri harby bazasy hasaplanýardy. 1954-nji ýyldan başlap, iňlisler ýurduň günortasynda *Arap emirlikleriniň federasiýasyny* döretmäge girişdiler. 1967-nji ýylyň 22-nji noýabrynda Ženewada *Ýemeniň Halk Fronty* bilen Beýik Britaniýanyň arasynda geçirilen gepleşiklerden soň 30-njy noýabrda Günorta Ýemeniň garaşsyzlygy yglan edildi. Bu ýerden Müsüriň goşuny çykaryldy. 1970-nji ýylyň 30-njy noýabrynda Konstitusiýa güýje girdi. Ýurt *Ýemen Halk Demokratik Respublikasy* diýlip atlandyrylyp başlandy. Ýurt SSSR-iň we beýleki sosialistik ýurtlaryň ösüşini özüne nusga edindi.

**Birleşen Ýemen.** 1990-njy ýylyň 22-nji maýynda Demirgazyk we Günorta Ýemeniň meýletin birleşmeginde *Ýemen Respublikasy* döredildi. 1991-nji ýylyň 15-nji maýynda bitewi Ýemen döwletiniň Konstitusiýasyny tassyklamak üçin, ählumumy referendum başlandy. 1994-nji ýyla çenli ýurtda ýene raýatara urşy dowam etdi. 1994-nji ýylda ýurduň prezidentligine *Aly Abdylla Saleh* saýlandy.

BMG-niň görkezijileri boýunça Ýemen gowşak ösen döwletleriň hataryna girýär. Ýemen arap ýurtlarynyň arasynda iň bir garyplarynyň biridir. Ilatyň jan başyna düşýän önümiň möçberi boýunça ol Sudandan we Mawritaniýadan ýokarda diýmeseň, başga arap döwletleriniň ählisinden yza galýar. Ilatyň 70%-i oba hojalygynda zähmet çekýär. 1981-nji ýylda «*Hant oil company*» amerikan kompaniýasy Maribel-Jauf diýen ýerde nebit gazyp almaga ygtyýarnama aldy. 1986-njy ýylda ol ýer-

de nebiti gaýtadan işleýän zawod guruldy. 1987-nji ýylda bolsa Gyzyl deňziň kenaryna çenli 440 *km*-e ýetýän nebit geçirijisi guruldy. 1991-nji ýylda «Tehnoeksport» sowet kompaniýasy tarapyndan Aden aýlagynyň kenaryndaky Bir-Aly şäherine çenli 190 km-lik nebit geçirijisi çekildi.



*Aly Abdylla Saleh*

Yragyň Kuweýte çozan mahalynda Ýemeniň ýolbaşçylary Yraga garşy harby hereketleri goldamady. Netijede, Saud Arabystany öz çäginde hemişelik ýaşaýan 800 *müňden* 1,5 *milliona* çenli ýemenlini ýurtdan çykardy.

Ýemeniň prezidenti Aly Abdylla Saleh ýurduň halkara bileleşigi, şol sanda ÝB we Beýik Britaniýa bilen gatnaşyklaryny berkitmäge üns berdi. Ol 1998-nji ýylyň fewralynda Hytaý bilen ykdysady we tehniki hyzmatdaşlyk barada ylalaşyga gol çekdi. Ykdysadyýetinde daşary ýurtlaryň berýän kömegi uly ähmiýete eýedir. Diňe 2012-nji ýylda Ýemen Saud Arabystanyndan 3,25 *mlrd* dollar kömek aldy. 2006-njy ýylda ýurtda ykdysadyýeti diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek üçin, daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek barada özgertmelere girişildi. 2009-njy ýylyň ahyrynda Balhaf portunyň golaýynda gysylan gazy öndürmek boýunça zawodyň birinji nobatdakysy açyldy. Ol esasan, ABŞ-a we Günorta Koreýa eksport edilýär.



*Sananyň köçeleriniň biri*

Ýemen Ýewropadan Gündogar we Günorta Aziýa hem-de Awstraliýa möhüm geçelge bolan *Bab-el-Mandeb bogazyna* gözegçiligi öz elinde saklaýar.



*Bab-el-Mandeb bogazy*



Abd Rabbo Mansur al-Hadi

«Arap bahary» Ýemeniň hem deňinden sowlup geçmedi. Günorta Ýemen ýene-de bölünip aýrylmak barada çykyş edip başlady. Ýurtda başlanan tolgunyşyklar sebäpli 2012-nji ýylyň 27-nji fewralynda ýurduň 32 ýyl prezidenti bolan Aly Abdalla Saleh öz wezipesinden el çekdi. Prezidentlige Abd Rabbo Mansur al-Hadi saýlandy. Al-Kaida terrorçy guramasy Ýemende 2012–2014-nji ýyllarda işini has işjeňleşdirdi. Terrorçylara garşy göreşde ABŞ Ýemene ýakyndan kömek berýär. Abd Rabbo Mansur al-Hadiniň döwründe hem syýasy dartgynlyk dowam etdi. Syýasy dartgynlyk güýçlenip, häkimiýet ugrundaky göreş 2014-nji ýylda ýaragly çaknyşyklaryň başlanmagyna getirdi.




*Ýemendäki ýaragly çaknyşyk (2016 ý. ýanwary):*
*mämişi reňkde – Hadiniň tarapdarlarynyň gözegçilik edýän çägi;*
*açyk ýaşyl reňkde – husitleriň we Salehiň tarapdarlarynyň gözegçilik edýän çägi; ak reňkde – al-Kaidanyň gözegçilik edýän çägi*

2014-nji ýylyň 21-nji sentýabrynda «*Ansar Alla*» şaýy toparlanyşygy bilen hökümet güýçleriniň arasynda ýaragly çaknyşyk güýçlendi. «Ansar Alla» toparlanyşygyna *Husitler* hem diýilýär. Husitler şaýy zeýditleriň (jaruditleriň) harbylaşdyrylan toparlanyşygydyr. Olar 2004-nji ýylda hökümete garşy gozgalaň turzup, ýuwaş-ýuwaşdan käbir çäkleri eýeläp başladylar. Zeýditler Ýemeniň demirgazygynda ýaşap, ýurduň ilatynyň üçden bir bölegini diýen ýaly düzýärler. 2015-nji ýylyň martynda bu urşa Ýemeniň hökümetiniň tarapynda durup, Saud Arabystanynyň baştutanlygynda arap döwletleriniň koalisiýasy goşuldy. Husitleriň düzgünine garşy «*Dogumlylyk tupany*» operasiýasy 2017-nji ýylyň ortasynda-da dowam edýärdi.

♦ **Sana** – Ýemeniň paýtagty. Ol dünýäniň gadymy paýtagtlarynyň biridir. Köne şäheriň bir bölegi 1986-njy ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi. Şäherde XI asyra çenli gurlan 103 metjit, 14 hammam we 6 *müňden* gowrak köne öýler saklanyp galypdyr.

♦ **Aden** – Ýemeniň iri porty. Hindi ummanyndan Gyzyl deňze, Ortaýer deňzine, Pars aýlagyna tarap deňiz ýükleriniň işjeň daşalýan nokady.

♦ **Bab-el-Mandeb bogazy («gözýaş derwezesi»)** – Arap deňziniň Aden aýlagyndan Gyzyl deňze geçelge. Sag tarapda Ýemene, çep tarapynda Jibuti we Eritreýa döwletlerine ýanaşýar.

♦ Ýemeniň düzümine 120 sany ada hem girýär.

## §8. Birleşen Arap Emirlikleri

***Birleşen Arap Emirlikleri*** *(arap. al-Imarat al-Arabiýa al-Muttahida, gysgaça BAE) Günorta-Günbatar Aziýada, Arabystan ýarymadasynyň gündogarynda, Pars we Oman aýlaglarynyň kenarynda ýerleşýär. Günbatarda we günortada Saud Arabystany, günorta-gündogarda Oman bilen serhetleşýär. Pars we Oman aýlaglary ýurduň kenarlaryna ýanaşýar. Tutýan meýdany 83,600 inedördül km (dünýäde 116-njy ýerde). Ilaty 2013-nji ýylyň maglumatlary boýunça 5,4 mln adam (dünýäde 114-nji ýerde). Paýtagty – Abu-Dabi şäheri.*









Birleşen Arap Emirlikleri Ýakyn Gündogarda ýaş döwletleriň biridir. Bu emirlikler öň Beýik Britaniýanyň koloniýasydy. Hersiniň öz emiri bolan ýedi sany emirlikleriň halklary Ikinji Jahan urşundan soň özbaşdaklyk ugrunda göreş alyp bardylar. 1964-nji ýylda *Arap döwletleriniň ligasy* guramasy bu döwletleriň halklarynyň özbaşdak ýaşamaga hukuklydygy barada çykyş edip, Beýik Britaniýadan emirliklere özbaşdaklyk bermegi talap etdi. 1968-nji ýylda Beýik Britaniýa 1971-nji ýyla çenli bu ýerlerden öz goşunlaryny çykarjakdygyny jar edenden soň, azatlyk here-



*Halifa ben Zaýed al-Nahaýýan*



*Muhammmet ibn Raşid al-Maktum*

keti has-da güýçlendi. Ilki ýedi emirlik birleşip, Bahreýn Katar bilen bilelikde *Arap döwletleriniň federasiýasyny* döretmekçi boldular. Emma Bahreýn we Katar soňrak özbaşdak döwlet boldular.

1971-nji ýylyň 2-nji dekabrynda ýedi emirligiň altysy birleşip, özbaşdak *Birleşen Arap emirliklerini* döretdiler. Oňa *Abu-Dabi, Dubaý, Ajman, Umm el-Kuweýn, Fujeýra, Şarja* girdi. *Ras el-Haýma* bolsa 1972-nji ýylyň 10-njy fewralynda birleşdi. Emirlikleriň emirlerinden düzülen *Ýokary Geňeş* iň ýokary döwlet guramasy diýlip jar edildi. Ýokary Geňeş Ministrleriň Geňeşini döretmeli edildi. Ýurduň paýtagty Abu-Dabi şäheri diýlip jar edildi. Ministrler Geňeşi Ýokary Geňeşe hasabat bermelidi. Ministrler Geňeşinden Ýokary Geňeş ýurduň hökümet baştutanyny saýlaýar. Birleşen emirlikleriň içinde iň ulusy Abu-Dabi bolandygy üçin (Abu-Dabi ýurduň ähli territoriýasynyň 85%-ini tutýar) ýurduň prezidentligine şonuň emiri saýlanýar. 2004--nji ýylyň 3-nji noýabryndan bäri Abu-Dabiniň emiri *Halifa ben Zaýed al-Nahaýýan* ýurduň prezidentidir. Onuň prezidentliginiň möhleti 2009-njy ýylyň 3-nji noýabrynda ýene bäşýyllyk uzaldyldy. Ýeri gelende ýatlasak, *Nahaýýanlar* neberesi Abu-Dabi emirligini iki ýarym asyrdan gowrak, *Maktumlar* neberesi bolsa 1833-nji ýyldan bäri Dubaýy dolandyryp gelýär.

Ikinji uly emirlik Dubaý bolandygy üçin, onuň emiri hökümetiň baştutany wezipesini ýerine ýetirýär. Ýurduň häzirki wagtdaky hökümet baştutany Dubaýyň mirasdüşer emiri *Şeýh Muhammmet ibn Raşid al-Maktumdyr.*

Ýedi emirden ybarat Ýokary Geňeş her ýylyň oktýabr aýynda gurultaý geçirýär. Ýurduň içeri we daşary syýasatyny kesgitleýär. Gurultaýda islendik ýurt möçberindäki karar kabul edilende ýedi emiriň azyndan bäşisiniň gatnaşmagy hökmanydyr. Özi-de şol bäşiň içinde Abu-Dabiniň we Dubaýyň emirleriniň bolmagy hökmandyr.

Ýokarda aýdylanlardan mälim bolşy ýaly, Birleşen Arap emirlikleriniň (BAE) dörän wagty dünýä bazarynda nebitiň bahasynyň ýokary galan döwrüdi. Şonuň üçin ýaş döwlet nebitden gelýän peýdanyň hasabyna çalt ösdi. Onuň barlanan gorlary 97,8 *mlrd* barrele (dünýä gorlarynyň 10%-i) barabardyr. 80-nji ýyllarda BAE ortaça 60 *mln* tonna nebit çykaryp, her ýylda 13 *mlrd* dollar töweregi girdeji aldy. 2004-nji ýylda döwlet gaznasyna nebit satmakdan 30 *mlrd* amerikan dollary möçberde girdeji girdi. Ol jemi milli önümiň 30%-ine deňdir. BAE-niň tebigy gaz gorlary 5,3 *mlrd* kubmetre deň bolup (dünýä gorlarynyň 3,8 göterimi), bu babatda ol Ýakyn Gündogarda üçünji ýerde durýar. Ruweýsde, Jebel Alyda, Das adasynda, Şarjada gazy gaýtadan işleýän iri kärhanalary bar.

Ýurtda erkin ykdysady zolaklaryň döredilmegi, täze tehnologiýa esaslanýan senagat pudaklarynyň ösdürilmegi, umuman, oýlanyşykly durmuş-ykdysady syýasatyň ýöredilmegi BAE-ni dünýäniň çalt ösýän ýurtlarynyň birine öwürdi. Şäherler, şäher gurluşygy çalt ösdi. Häzirki wagtda ýurduň ilatynyň 88%-i şäherlerde ýaşaýar. BAE-niň ilatynyň 75%-i daşardan göçüp gelenlerdir. Ýurduň işçi güýjüniň 90%-i daşary ýurtlulardyr. Iň iri şäherleriniň biri Dubaý (1,5 *mln* ilatly) söwda merkezidir. Emirliklere nebitden gelýän girdeji has uly. Ýurtda her günde 2,2 *mln* barrel möçberde nebit öndürilýär. Ýurduň gysga wagtda näderejede ösendigine düşünmek üçin, Dubaýyň 1991-nji we 2012-nji ýyllarda düşürilen iki suratyny deňeşdirmek hem ýeterlikdir.

2012-nji ýylda BAE-niň JIÖ-niň möçberi 384,1 *mlrd* dollar bolup, bu görkeziji boýunça ol dünýäde 30-njy ýeri eýeledi. JIÖ-niň jan başyna düşüşi 44 *müň* dollardan geçýär. Bu görkeziji boýunça BAE Pars aýlagy sebitinde 1-nji ýerde durýar. JIÖ-niň 50%-ine golaýy senagatyň paýyna düşýär. Gaýtadan işleýän, gämi gurluşygy, gurluşyk materiallary senagaty senagatyň esasy pudaklaryny düzýär. BAE nebit önümlerinden başga-da, polat, alýuminiý, dökünleri, sement, plastmassa önümlerini, stanoklary, geýimleri, kustar senetçilik önümlerini öndürýär. Ýurtdaky 9 sany sement zawodynda ýylda 5 *mln* tonnadan gowrak sement öndürilýär. Kuwwaty 240 *müň* tonna bolan alýuminiý zawody bar.

Çöllük we ýarym guraklyk guşagynda ýerleşendigine garamazdan, BAE janypkeş ynsan zähmetiniň netijesinde hakyky oazise öwrüldi. Soňky 25 ýylyň içinde ýurtda 100 *milliondan* gowrak agaç ekilipdir. Deňiz suwuny süýjüdiji desgalary gurmaga uly maýa goýumlary goýulýar. Oba hojalygynyň paýyna – 3% düşýär.

BAE – dünýäniň iň iri söwda we maliýe merkezleriniň biri. Her ýyl BAE-niň üstünden 170 tonna altyn geçip, onuň 40 tonnasy ýurduň özünde galýar. Ýurtda daşary ýurt maýadarlaryny giňden çekmek üçin 15 sany erkin ykdysady zolak döredildi. Olaryň ilkinjisi 1985-nji ýylda Dubaýyň Jebel Aly portunda döredildi. Ýurduň daşary söwdasynda Dubaýa aýratyn orun degişlidir. Fujeýrada hem-de Dubaýdaky Raşid, Jebel Aly portlarynda dünýäniň 40 sany iri konteýner porty ýerleşendir. Olaryň üstünden ýylda 3 *milliondan* gowrak konteýner geçirilýär. BAE-niň Uzak Gündogardan Ýewropa, Hindi ummanyndan Pars aýlagyna we ol ýerden Aziýa we Ýewropa ýurtlaryna gidýän amatly çatrykda ýerleşmegi onuň halkara ykdysady merkeze öwrülmegine oňaýly şertleri döredýär. 1991-nji


DUBAÝ 1991


DUBAÝ 2012



Dubaýdaky Burj el-Arab myhmanhanasy

ýylda Raşid Maktum Jebel Ali portuny oňa golaý bolan erkin söwda zolagy we Raşid porty bilen birikdirdi. Ol 1999-njy ýylda «*Dubai Ports International*» halkara kompaniýasyny döretdi. Ýurtda ulag-kommunikasiýa ulgamy ösendir. Abu-Dabide, Dubaýda, Şarjada, Ras el-Haýmada, Fujeýrada we Aleýnada halkara aeroportlary bar. Dubaýda metropoliten işe girizildi. Dubaýy «*Ýakyn Gündogaryň Gonkongy*» atlandyrýarlar.

Dubaýyň mirasdüşer emiri Şeýh Muhammmet ibn Raşid al-Maktuma *Dubai World* we *Dubai Holding* atly köpugurly konglomeratlar degişlidir. «Dubai World» kompaniýasy 2006-njy ýylyň 2-nji iýulynda holding kompaniýasy hökmünde döredildi. Dünýäniň 100-den gowrak şäherinde onuň 50 *müňden* gowrak işgäri bar. Kompaniýanyň ABŞ-nyň, Beýik Britaniýanyň, GAR-iň gozgalmaýan emläk, logistika we beýleki pudaklarynda uly gyzyklanmalary bar. «Dubai Holding» toparyna bolsa myhmanhana, biznes-parklar, gurluşyk, telekommunikasiýa kompaniýalary girýär.



Burj Halifa diňi

BAE dünýäni özüniň has aýratyn täsinlikleri bilen hem haýrana goýýar. Şolaryň biri hem 2004-nji ýylyň 21-nji sentýabrynda gurluşygyna başlanyp, 2010-njy ýylyň 4-nji ýanwarynda açylan Dubaý şäherindäki belentligi 828 metr bolan «*Burj Dubaý*» ýa-da «*Burj Halifa*» diňidir. Günorta Koreýanyň «Samsung» inženerçilik we gurluşyk korporasiýasy, Belgiýanyň «Besiks» kompaniýasy we ýerli «Arabtek» firmasy tarapyndan gurlan bu bina dünýäde iň uly diň hasaplanýar.

BAE-niň ilatynyň 75%-i beýleki arap döwletlerinden, Eýrandan, Hindistandan, Pakistandan we Afrikadan göçüp gelenlerdir.

BAE syýahatçylykdan uly girdeji alýar. 2013-nji ýylda ýurda 15 *mln* daşary ýurt syýahatçysy gelipdir. Raşid al-Maktum 1999-njy ýylda deňziň içinde emeli adada belentligi 321 metr bolan *Burj el-Arab* myhmanhanasyny gurdurdy. Ol dünýädäki iň gymmatbaha myhmanhanalaryň hataryna girýär.



*«Dünýä» (The World) emeli adalar toplumy*

*Palma emeli arhipelag adalary* BAE-niň ýene bir täsinligidir. Pars aýlagynda ýerleşen bu arhipelaga ilkibada üç sany emeli ada – «*Jumeirah palmalary*», «*Jebel Aly palmalary*», «*Deýra palmalary*» degişlidi. Soňra, «Deýra palmalary», aýratyn uly taslama öwrüldi. 2008-nji ýylyň başynda bu adalardan daşgary «Dünýä» (The World) atly toplum hem guruldy (taslamanyň umumy bahasy 2 *mlrd* ABŞ dollary). Ol materikleriň ählisiniň gurluşyny ýada salýan 300 sany özbaşdak emeli adalaryň toplumyndan ybaratdyr. Olaryň aglabasy dünýäniň iň baý biznes-elitasy üçin satlyga çykaryldy.





*Jumeirah palma adalarynyň gijeki we gündizki görnüşleri*

♦ **Burj Halifa** – stalagmit şekilinde gurlan, dünýädäki iň belent bina. 163 gatdan ybarat bu binanyň umumy bahasy 1,5 *mlrd* amerikan dollaryna deňdir. Taslamany «Skidmore, Owings and Merrill» amerikan binagärlik býurosy düzdi. Burj Halifanyň aýnalary her günde ýuwulýar. Onuň gurluşygynda her günde 12 müň işçi zähmet çekdi.

## §9. Kuweýt



***Kuweýt** (Dawlat al-Kuwaýt) – günorta-günbatar Aziýada ýerleşen döwlet. Demirgazykda we Günbatarda Yrak, Günortada Saud Arabystany bilen araçäkleşýär. Gündogarda Pars aýlagynyň suwlary bilen ýuwulýar. Tutýan meýdany 17 818 inedördül km (dünýäde 152-nji ýerde). Ilaty 2012-nji ýylyň maglumatyna görä 3,2 mln adam (dünýäde 136-njy ýerde). Paýtagty – el-Kuweýt şäheri.*







Ikinji Jahan urşy tamamlanandan soň, Kuweýtiň nebiti ugrunda dünýä ýurtlary göreş alyp bardylar. 1946-njy ýylda iňlis-amerikan *Kuweýt nebit kompaniýasy* (KOK) döredilip, ol ýurtda nebit agtarmak we öndürmek bilen meşgullanýan esasy kompaniýa boldy. Ol 1946-njy ýylda 0,8 *mln* barrel, 1950-nji ýylda 17,3 *mln* barrel, 1960-njy ýylda bolsa eýýäm 85,6 *mln* barrel nebit öndürdi.

1952-nji ýyla çenli Kuweýtiň özünde öndürilýän nebitden alýan girdejisi köp däldi (girdejiniň 9%-i). Girdejiniň esasy bölegi agzalan kompaniýa tarapyndan alynýardy. 1950-nji ýylda Angliýa öz sarp edýän nebitiniň ýarpysyny Kuweýtden alýardy. 1951-nji ýylyň ahyrynda Kuweýt bilen KOK-yň arasynda täze şertnama baglaşylyp, nebitiň girdejisiniň deň paýlaşylmagy barada ylalaşyldy. Emma ol iş ýüzünde doly berjaý edilmedi.

1961-nji ýylyň 19-njy aprelinde 1899-njy ýylyň iňlis-kuweýt şertnamasyny ýatyrmak barada döwletara ylalaşygy baglaşylandan soň, Kuweýt syýasy garaşsyzlygyny gazandy. 1962-nji ýylyň 16-njy noýabrynda ýurduň konstitusiýasy kabul

edilip, ýurt «*Mubarak as-Sabahyň neberesiniň mirasdüşer emirligi*» diýlip yglan edildi. 1977-nji ýylda ýurduň emiri *Jaber al-Ahmet al-Jaber as-Sabah* boldy. 2006-njy ýylyň 29-njy ýanwaryndan başlap, *Sabah IV (Sabah al-Ahmet al-Jaber as-Sabah, 1929-njy ýylda doglan)* Kuweýtiň patyşasydyr. Sabah IV 2016-njy ýylyň 13-nji dekabryndan başlap, dünýädäki erkek göbekli monarhlaryň arasynda iň ýaşulusydyr.



*Sabah IV*

60–70-nji ýyllarda Kuweýt bäşýyllyk meýilnamalar esasynda senagat pudagyny ösdürdi. Iri milli kompaniýalar döredildi. Garaşsyzlygyny gazanandan soň, Kuweýt nebitiň hasabyna has çalt ösdi. Nebit çykarylyşy 1946-njy ýylda ýola goýuldy. Aýratyn-da, 70-nji ýyllarda nebitiň bahasynyň dünýä bazarlarynda gymmatlamagy netijesinde Kuweýtiň girdejisi ýokary boldy. 1976-njy ýylda ýurduň nebit senagaty millileşdirildi. 1979-njy ýylyň fewralynda *Eş-Şuaýbiýede* gysylan gazy öndürmek boýunça toplum işe girizildi. Öz tebigy gazynyň ýetmezçiliginiň üstüni dolmak üçin Kuweýt 2002-nji ýyldan başlap, ony satyn almak barada Katar bilen 25 ýyllyk şertnama gol çekdi.

80-nji ýyllarda Kuweýtiň ykdysady ösüşi biraz haýallady. 1982–1983-nji ýyllarda ol 100 *mln* dollar býujet ýetmezçiligine sezewar boldy. Daşary ýurt maýasynyň çekilmegi çökgünlikden çykmaga ýardam etdi.

90-njy ýyllarda Yrak bilen baglanyşykly wakalar sebäpli ýagdaý çylşyrymlaşdy. Saddam Huseýin 1990-njy ýylyň 2-nji awgustynda Kuweýte goşun girizip, 8-nji awgustda Kuweýtiň Yraga birleşdirilýändigini jar etdi. Kuweýt Yragyň 19-njy welaýaty diýlip yglan edildi. Harby babatda Kuweýt Yrakdan ejizdi. Çünki onuň 20300 esgerli goşuny, 36 harby uçary, 18 harby dikuçary bardy. Yragyň bolsa ýarym millionly goşuny bardy. Ýaraglanyşyk babatda Yrak has güýçlüdi. Ol SSSR-den we dünýäniň beýleki ýurtlaryndan 80 *mlrd* dollara täze ýaraglary satyn alypdy. Yrak Kuweýti basyp alan wagty birnäçe ýykgynçylyklary etdi. Her bir öldürilen yrak esgeri üçin kuweýtli 14 sany girewine alnan adam öldürildi. Uruşda 12 *müň* kuweýtli wepat boldy, 15 *müň* adam dereksiz ýitdi. Kuweýtiň Yragyň basybalyşy döwründe çeken maddy zyýany 100 *mlrd* ABŞ-nyň dollaryndan geçdi. «Çöldäki harasat» atlandyrylan harby ýöriş netijesinde Kuweýt ABŞ-nyň we dünýäniň beýleki ýurtlarynyň goşunlarynyň güýçleri bilen 1991-nji ýylyň 28-nji fewralynda azat edildi.

Yragyň Kuweýti basyp almagy we nebit geçirijileriniň, nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň sandan çykarylmagy bilen baglanyşykly nebit öndürilişi pese gaçdy. Yrak millionlarça tonna kuweýt nebitini Pars aýlagyna dökdi. Diňe 1993-nji ýylda nebitden gelýän girdeji uruşdan öňki derejä ýetdi. Gysga wagtda ulag we telekommunikasiýa infrastrukturasy dikeldildi. Uruşda ejir çeken ilatyny goldamak üçin, Kuweýt 1992-nji ýylda kommunal hyzmatlar, elektrik togy, suw, telefon aragatnaşygy üçin tölegleri ýatyrdy. Nebiti gaýtadan işleýän zawodlar bolsa, 1995-nji ýylda doly dikeldilip, uruşdan

öňki derejede nebiti gaýtadan işläp başladylar. Kuweýt ýene-de nebitiň hasabyna baýap başlady.

Kuweýt dünýäde nebiti köp öndüriji döwletleriň hataryna girýär. Ýurt dünýäniň nebit gorlarynyň 9%-ine eýedir (102 *mlrd* barrel). Ol ýylda 100 *mln* tonna çemesi nebit öndürýär. Ýurduň girdejisiniň ýarpysy nebitden gelýär. Ýylda 4,5 *mlrd* kubmetr gaz çykarylýar. *Uly Burgan* we *Safaniýa-Hafdji* iri nebit ýataklarydyr. Häzirki wagtda Kuweýt Ýakyn Gündogarda nebit çykarmakda Saud Arabystanyndan we Eýrandan soňra 3-nji ýerde durýar. 1979-njy ýyldan başlap, Kuweýt nebit gorlarynyň ätiýaçlygyny tygşytlamak maksady bilen onuň çykarylyşyny kem-kemden azaldýar. Kuweýtiň iki sany kompaniýasy – *Kuwait Foreign Petroleum Exploration Company (KUFPEC)* we *Kuwait Petroleum Company (KPC)* daşary ýurtlarda işjeň hereket edýärler. KUFPEC dünýäniň 14 ýurdunda (şol sanda Daniýada, Tunisde, Indoneziýada, Awstraliýada) nebit gazyp almak bilen meşgullanýar.



*Kuweýt diňleri*

Kuweýtiň bary-ýogy 1% meýdany ekerançylyk üçin amatly. Maldarçylyk üçin amatly ýerleri bolsa köp. Emma Kuweýtiň halky şäherlerde ýaşamagy gowy görýär. Ýurduň ilatynyň 98%-inden gowragy şäherlerde ýaşaýar. Kuweýt deňiz suwuny süýji suwa öwürmekde dünýäde birinji döwletdir.

2011-nji ýylyň 18-nji fewralynda Kuweýtde tolgunyşyklar başlandy. Hökümet birnäçe eglişikleriň hasabyna (100% aýlyk haklarynyň ýokarlandyrylmagy, täze pensiýalar, gyssagly kömek pullary, korol grantlary, sowgatlary, peşgeşleri, baýramçylyklary, her bir işleýän raýata bir ýyllyk mugt iýmit) ýurtdaky dartgynlygyň öňüni almagy başardy.

Kuweýt 2017-nji ýylyň görkezijisi boýunça JIÖ-niň jan başyna paýlanyşy boýunça dünýäniň iň baý 5-nji döwletidi. Adam ösüşiniň indeksi boýunça ol Ýakyn Gündogarda Ysraýyldan soň 2-nji ýerdedi, arap dünýäsinde bolsa iň ýokary gör-

kezijä eýedi. Kuweýt ýyllyk 5,7% ösüşi bilen sebitde iň çalt ösýän ykdysadyýetli ýurtdur. Kuweýtiň gazna biržasy arap dünýäsinde 2-nji ýerde durýar.

*Mubarak al-Kabir Tauer* – Kuweýtde gurulýan, beýikligi 1001 metr bolan belent bina. Gurluşygy tamamlanandan soň onuň töwereginde aeroport, biznes merkezleri, söwda-dynç alyş toplumlary ýerleşer. Bu toplum Kuweýtdäki umumy bahasy 94 *mlrd* ABŞ dollaryna barabar bolan iň häzirki zaman «*Ýüpek şäheri*» (*Silk City*) taslamasynyň bir bölegidir.

Kuweýtiň syýahatçylygy sebitde entek ýaş pudakdyr. Dür gözleýjileriň şäherçesinden iň häzirkizaman megapolisine öwrülýän el-Kuweýt dünýä jahankeşdeleriniň ünsüni özüne çekýär. Ýurda ýylda ortaça 1,5 *mln* syýahatçy gelýär. Kuweýtiň atly ýöriş Akademiýasy dünýä meşhurdyr.

♦ **Kuweýt** arap dilindäki **«kut»**, ýagny **«kiçi gala»** sözi bilen baglydyr.

♦ El-Kuweýtiň golaýyndan Aleksandr Makedonlynyň Gündogar ýörişi mahalynda gurlan (b.e.öňki 334 ý.) grek ybadathanalarynyň galyndysy tapyldy.

♦ **Faýlaka adasyndaky Ikaros şäherçesinde** Aleksandr Makedonlynyň admiraly **Nearhyň garnizony** bolupdyr. Bu ýerde arheologiýa goraghanasy bar.

♦ Özüniň nebit baýlyklary bilen meşhur bolan **Kuweýtde ýekeje-de derýa we guýy ýokdur.** Suw gorlary dag çeşmelerine baglydyr.

♦ Kuweýti **«altyn» emirlik** diýip atlandyrýarlar. Kanun boýunça Kuweýte altyn getirmek we çykarmak çäklendirilen däldir. Kuweýt dünýäniň üstaşyr altyn söwdasynda möhüm ähmiýete eýedir. Londonyň we Sýurihiň halkara altyn bazaryndan satyn alan altynlaryny Kuweýt Hindistanyň, Pakistanyň we beýleki arap ýurtlarynyň bazarlarynda satýar.

♦ **Kuweýtde demir ýollar ýokdur.**

## § 10. Katar

***Katar*** *Günorta-Günbatar Aziýada, Arabystan ýarymadasynyň demirgazyk-gündogarynda, Katar ýarymadasynda ýerleşýär. Günortada Saud Arabystany bilen serhetleşýär. Galan tarapy Pars aýlagy tarapyndan gurşalandyr. Demirgazyk-günbatarynda Bahreýn adalary, günorta--gündogarynda Birleşen Arap Emirlikleri bilen deňiz serhedi bar. Tutýan meýdany 11586 inedördül km (dünýäde 158-nji ýerde). Ilaty 2013-nji ýylyň maglumatlary boýunça 1 mln 904 müň adam (dünýäde 147-nji ýerde). Paýtagty – Doha şäheri.*



1916–1971-nji ýyllarda Katary Beýik Britaniýa dolandyrdy. 1948-nji ýylda *şeýh Abdalla* aradan çykansoň, tagt dawalary tutaşdy. Häkimiýete regent *şeýh Ali ben Abdalla at-Tani* getirildi. Ol 1960-njy ýylda tagtdan el çekensoň, 1972-nji ýyla çenli ogly *şeýh Ahmet bin Ali at-Tani* Kataryň emiri boldy. Emma onuň döwründe doganoglany *Halifa bin Hamadyň* hem täsiri uly boldy. Hut Halifa bin Hamat







Katary özgertmegiň başyny başlapdy. 1961–1968-nji ýyllarda ýurtda 100-den gowrak kanun kabul edilýär. Ministrlikler, ministrlikler geňeşi, raýat kazyýetleri döredilýär. 1964-nji ýylda Kataryň milli banky esaslandyrylýar. 1970-nji ýylyň aprelinde Konstitusiýa güýje girýär. Şol ýylyň maýynda Halifa bin Hamad ilkinji premýer-ministr bolýar.



*Hamad bin Halifa at-Tani*

1971-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda Katar garaşsyzlygyny gazandy. Ol çäklendirilmedik monarhiýa gurluşly döwletdir. Ýurdy XIX asyrdan bäri *Taniler şanesli* dolandyrýar. 1971–1972-nji ýyllarda *şeýh Ahmet bin Ali*, 1972–1995-nji ýyllarda *Halifa bin Hamad at-Tani* ýurduň emiri boldular. 2003-nji ýylyň 29-njy aprelinde kabul edilen Konstitusiýa boýunça Katar absolýut monarhiýadyr. Ýurduň başynda emir durýar. 1995-nji ýylyň 27-nji iýunynda ýurduň mirasdüşer şazadasy *Hamad bin Halifa at-Tani* öz kakasy Halifa bin Hamad at-Tanini Şweýsariýada dynç alýan mahalynda gandöküşiksiz ýagdaýda tagtdan aýryp, ýurduň täze emiri bolupdy. Halifa bin Hamad 1995–2004-nji ýyllar aralygynda Fransiýada emigrasiýada ýaşady. Ol 2004-nji ýylda Katara gaýdyp geldi we 2016-njy ýylda aradan çykdy.

1974-nji ýylda Katary ösdürmegiň 10 ýyllyk meýilnamasy kabul edildi. Daşary ýurt kompaniýalarynyň gatnaşmagynda ýurduň çägi gurluşyk meýdançasyna öwrüldi. Umm-Saidde dünýäniň iň iri nebit-himiýa toplumy guruldy. Kataryň ykdysadyýetiniň esasyny nebit-gaz pudagy düzýär. Geçen asyryň 30-njy ýyllarynda ýurtda iri nebit ýataklary açylyp, 40-njy ýyllarda olar özleşdirilip başlandy. 1952--nji ýylda «Royal Dutch Shell» kompaniýasyna 75 ýyl möhlet bilen territorial suwlarda we kontinental ýalpaklykda nebit gözlemäge ygtyýarnama berildi. 1960-njy ýyldan başlap, «Shell-Katar» iňlis kompaniýasy Kataryň deňiz ýalpaklygyndaky ýataklaryny özleşdirip başlady. 1974-nji ýyldan başlap, Katar öz öndürýän nebitini özünde gaýtadan işläp ugrady. 1972-nji ýylda Milli nebit kompaniýasy döredilip,

ol 1977-nji ýyla çenli ýurtda hereket edýän daşary ýurt nebit kompaniýalarynyň üstünden doly gözegçiligi ýola goýdy.

Katar dünýäde energetika gorlaryna baý ýurt. Nebitiň gorlary boýunça Katar dünýäde 6-njy ýerdedir. Ol tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde Russiýadan soň 2-nji, ony eksport etmekde 6-njy, nebiti we nebit önümlerini eksport etmekde 21-nji ýerde durýar. Nebit we gaz ýurduň eksportynyň 85%-ini, býujetiň girdeji böleginiň 70%-ini düzýär. Bu iki tebigy baýlyk Katary ilatyň jan başyna düşýän önümiň mukdary boýunça (110,7 *müň* dollar) Lihtenşteýnden soň 2-nji döwlete öwürdi. Diýmek, Kataryň ykdysadyýetiniň esasyny nebit-gaz pudagy düzýär. Katarda ençeme elektrostansiýa bolup, ilat elektrik energiýasy bilen mugt üpjün edilýär.

Ýurtda senagatyň paýyna 75%, hyzmatlar pudagyna 25% degişlidir. Hamad bin Halifa at-Taniniň dolandyryşy Katary özgertmegiň we döwrebaplaşdyrmagyň döwri boldy. Ilkinji nobatda, nebit-gaz toplumy täze depgin bilen ösdi. Pudaga «ExxonMobil», «Shell», «Total» we beýleki daşary ýurt kompaniýalarynyň maýa goýumlary çekildi. Netijede, Katar dünýäde suwuklandyrylan gazy esasy öndüriji we eksport ediji ýurda öwrüldi. Ýurtda nebit-himiýa, metallurgiýa, ýeňil senagat kärhanalary guruldy. 1997-nji ýylda deňizde Nort-Filt ýatagynda dünýäniň barlanan gaz gorlarynyň 15%-iniň bardygy anyklanyldy. Katar nebiti eksport ediji döwletleriň guramasyna (OPEC) agzadyr.

Katar Ýaponiýa, Günorta Koreýa, Singapura, Tailanda, Hindistana gysylan gazy, nebit önümlerini, dökünleri, polat eksport edýär. «Forbs» amerikan žurnalynyň geçiren reýtingine görä, Katar dünýäniň iň baý ýurdy hem-de daşary ýurt maýa goýumyny we ýokary derejeli hünärmenleri özüne çekmäge amatly ýurtlaryň hatarynda durýar.

Ýurduň işçi güýjüniň aglabasy daşary ýurtlulardyr. 1996-njy ýylda Katarda döredilen *Al-Jazira* teleýaýlymy dünýäde uly meşhurlyga eýedir. 1997-nji ýylda Katar sebitde ilkinji bolup aýallara saýlaw hukugyny beren ýurtdur.

Katar daşary syýasatda Pars aýlagy sebitindäki döwletler bilen hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berýär.



*Tamim bin Hamad at-Tani*

«Arap baharynyň» wakalarynyň täsiri astynda 2012-nji ýylyň 16-njy aprelinde Katarda goşun tarapyndan döwlet agdarylyşygyny amala aşyrmaga şowsuz synanyşyk edildi.

2013-nji ýylyň 24-nji iýunynda Kataryň emiri *şeýh Hamad bin Halifa at-Tani* özüniň 33 ýaşly ogly *Tamim bin Hamad at-Taniniň* peýdasyna tagtdan el çekdi. Şeýh Tamim dünýädäki hem-de Kataryň taryhyndaky iň ýaş döwlet baştutanydyr. Tamim bin Hamad at-Tani Katarda sportuň ösdürilmegine aýratyn üns berýär. Katar 2022-nji ýylda futbol boýunça dünýä çempionatyny geçirmäge hukuk gazandy.



*Dohada ylym-bilimiň hatyrasyna gurlan heýkel*

Häzirki wagtda bu ýurtda milli aýratynlyklara hem-de dünýä ülňülerine gabat gelýän iri sport desgalarynyň gurluşygy güýçli depginde alnyp barylýar. 1984-nji ýyldan bäri Katar tomusky Olimpiýa oýunlaryna işjeň gatnaşyp gelýär. 1988, 2011-nji ýyllarda Katarda futbol boýunça Aziýanyň kubogy ugrunda ýaryşlar geçirildi. Dohada tennis boýunça halkara ýaryşlaryny geçirmek däbe öwrüldi. 2006-njy ýylda Dohada XV Aziýa oýunlary geçirildi. 2014-nji ýylda Kataryň ýygyndysy Moskwada geçirilen basketbol boýunça ýaryşda dünýä çempionlygyny gazandy. 2015-nji ýylda Katarda gandbol boýunça dünýä çempionaty geçirilip, Kataryň ýygyndysy 2-nji orna mynasyp boldy. Şol ýylda Dohada robotlaryň halkara olimpiadasy geçirildi.

Kataryň syýahatçylyk babatda gazanan tejribesi hem ýeterlikdir. 2010-njy ýylda ýurduň hökümeti syýahatçylygy ösdürmäge 17 *mlrd* amerikan dollaryny maýa goýdy. Pars aýlagynda döredilen emeli adalardaky syýahatçylyk industriýasy daşary ýurt syýahatçylarynyň ünsüni Katara çekýär. Katarda *Kataryň gyşky dünýäsi (Qatar Winter World)* atly dag-lyža kurorty gurulýar.





*Katardaky «Kataryň düri» emeli adalar toplumynyň görnüşleri*

Katar dünýä maýadarlarynyň ünsüni çekmek üçin, 2004–2015-nji ýyllar aralygynda ini 4, uzynlygy 32 *km*, meýdany 400 gektara barabar bolan emeli adalar toplumyny döretdi. Dürüň daşky gabygyna çalym edýän bu adalar şäherçesi *«Kataryň düri» (The Pearl-Qatar)* atlandyrylýar. Taslamanyň ady Kataryň ozal Aziýada esasy dür öndüriji ýurt bolandygyny ýatladýar. Taslama Katar 15 *mlrd* amerikan dollaryny harçlady.

2017-nji ýylyň 5-nji iýunynda Katar bilen bagly diplomatik krizis ýüze çykdy. Arap döwletleriniň ençemesi – Bahreýn, Saud Arabystany, Müsür, BAE, Ýemen, Liwiýa, Mawritaniýa, Komor, Maldiw adalary, Mawrikiý ony terrorçylykly guramalar (hususan-da, «Jebhad an-Nusra») bilen baglanyşykda, sebitiň döwletleriniň içerki işlerine goşulmakda terrorçylykly guramalaryň ideologiýasyny ýaýratmakda aýyplap, Katar bilen diplomatik gatnaşyklaryny kesdiler. Onuň garşysyna çäklendirmeleri girizdiler. Kataryň öz oba hojalygy bolmansoň, azyk önümleriniň 80%-e golaýy ýurda Saud Arabystanyndan getirilýär. Saudlaryň Katara garşy çäklendirmesi Katarda azyk kynçylygyny döretdi, nebitiň bahasy aşaklady.

♦ Katar hakynda ilkinji taryhy ýazgylara Rim awtory Pliniý Ulynyň ýazgylarynda (b.e.I asyry) gabat gelinýär. Gerodotyň işlerinde (V asyr) Kataryň ilatynyň ökde deňizçilerdigi ýatlanylýar.

♦ Kataryň ilatynyň 40%-ini araplar, galanyny bolsa Pakistandan (18%), Hindistandan (18%), Eýrandan (10%) we beýleki ýurtlardan (14%) göçüp gelenler düzýär.

♦ **Şeýh Moza** – Kataryň ozalky emiri Hamad bin Halifa at-Taniniň aýaly. Pars aýlagyndaky beýleki ýurtlaryň hökümdarlarynyň aýallaryndan tapawutlylykda, hanym Moza birnäçe döwlet we halkara wezipelerine eýedir: ol bilim, ylym we jemgyýetçilik ösüşi boýunça katar gaznasynyň ýolbaşçysy, maşgala meseleleri boýunça Ýokary geňeşiň prezidenti, bilim boýunça Ýokary geňeşiň wise-prezidenti, ÝUNESKO-nyň ýörite wekili. Hanym Moza Katary «Kremniý düzlügine» öwürmegiň inisiatorydyr. Bu maksat bilen 2008-nji ýylda Katar ylym we tehnologiýalar parky açyldy. Oňa «Microsoft», «Shell» и «General Electric» ýaly belli kompaniýalar 225 *mln* ABŞ dollaryny maýa goýdular.

## § 11. Bahreýn

*__Bahreýn__ – Günorta-Günbatar Aziýada, Bahreýn aýlagynda ýerleşen adalar döwleti. Jemi 33 adada ýerleşip, olaryň iň irileri Bahreýn, Hawar, Umm-Naasan, Muharrak, Sitra adalarynda ýaşaýyş bar. Tutýan meýdany 766 inedördül km (dünýäde 184-nji ýerde), ilaty 2014-nji ýylyň maglumatlary boýunça 1 mln 343 müň adam (dünýäde 157-nji ýerde). Çägi boýunça arap döwletleriniň iň kiçisi hem-de gür ilatlysydyr. Ilatynyň ýarpysy immigrant işçilerdir. Paýtagty – Manama şäheri.*



**Bahreýn** Pars aýlagy sebitinde ýerleşen döwletdir. Ýurduň ady «*Iki deňziň goşulyşýan ýeri*» *(«majmu ‘u-l-Bahreýn»)* diýen manyny berýär. 1783-nji ýyldan bäri ýurdy *Halefalar şanesli* dolandyrýar. 1861-nji ýylda Bahreýn resmi taýdan Beýik Britaniýanyň protektoraty diýlip yglan edildi. 1942-nji ýylda Bahreýn tagtyna *şeýh Salman ben Hamad al-Halefa* geçipdi. Ol Ikinji Jahan urşy tamamlanandan soň, Bahreýni «nusgalyk arap döwletine öwürmek» barada aladalandy. Esasan, iňlis maýasyna







garaşly «*Bahrein Petroleum Company*» (BAPCO) bu syýasata oňyn seslenip, nebitden gelýän girdejiniň köp bölegini Bahreýniň özünde galdyrmaga razylaşdy. Sitra portundan 55 *km* uzynlykda Bahreýn–Dahran nebit geçirijisi guruldy. Bahreýnde Günbatara mahsus durmuş atributlary peýda bolup başlady. Emma ýurdy günbatarlaşdyrmak syýasaty halkda nägilelik döretdi. Ýurda garaşsyzlyk berilmegini, Salmanyň tagtdan aýrylmagyny, iňlis harby bazalarynyň ýok edilmegini talap edýän çykyşlar köpeldi. 1961-nji ýylda tagta geçen *şeýh Isa ben Salman al-Halefa* hem ýagdaýy kadalaşdyryp bilmedi.

1971-nji ýylda Beýik Britaniýa Pars aýlagyndan goşunlaryny çykarjakdygyny beýan edenden soň, ýurtda garaşsyzlyk ugrunda göreş güýjedi. Angliýa Bahreýniň garaşsyzlygyny ýüzleý yglan etse-de, ony öz täsirinde saklaýardy. Eýran bolsa 1957-nji ýylda Bahreýni özüniň 14-nji ostany (welaýaty) diýip yglan edip, onuň çäk bitewüligine dawagärdi. London bilen uzaga çeken gepleşikleriň netijesinde 1971-nji ýylyň 14-nji awgustynda Bahreýne garaşsyzlygyň berilýändigi resmi taýdan yglan edildi. Ertesi güni dostluk barada iňlis-bahreýn şertnamasyna gol çekildi.

Bahreýn konstitusion monarhiýa gurluşly döwletdir. Ýurduň konstitusiýasy (2002) korola (2002-nji ýyla çenli emir) giň ygtyýarlyklary berýär. Hökümete premýer-ministr baştutanlyk edýär. Şeýh *Isa ben Salman al-Halefa* 1971–1999-njy ýyllarda ýurduň emiri boldy. *Hamad ibn Isa al-Halefa* (1950-nji ýylda doglan) *Hamad II ady* bilen (1999–2002) ýurduň emiri boldy. Ol 2002-nji ýyldan bäri Bahreýniň korolydyr.



*Hamad ibn Isa al-Halefa*

Dür öndürmek Bahreýniň ykdysadyýetiniň esasyny düzýär. Bahreýn hem Katar ýaly nebitiň we gazyň hasabyna ösdi. Ilkinji nebit ýatagy 1932-nji ýylda tapyldy. 1976-njy ýylda Bahreýniň milli nebit kompaniýasy döredildi. Bahreýniň nebit gorlary kemelýär. Muňa garamazdan, 2015-nji ýylda ýurtda 18,4 *mln* barrel nebit öndürildi. Tebigy gazyň gorlary nebite garanda köpräkdir. JIÖ-niň 25%-ini, döwlet býujetiniň hem-de walýuta girdejileriniň 60%-ini nebit-gaz pudagy berýär.

Ýurtda uly göwrümli tankerler abatlanýar. Awstraliýadan getirilen çig malyň hasabyna ýurtda ýylda 509 *müň* tonna alýuminiý öndürilýär. Bahreýniň alýuminiý zawody dünýäde bu ugurdan iri toplumlaryň hataryna girýär.

Çäginiň 4%-i oba hojalygy üçin ýaramly bolup, oazislerde hurma palmasy, sitrus ekinleri, üzüm, şetdaly, bugdaý, mekgejöwen, arpa ekilýär.

Bahreýn Ýakyn Gündogaryň iri maliýe merkezi. 1998-nji ýyldan bäri halkara bank merkezi hereket edýär. Paýtagt Manama hem-de onuň golaýyndaky Salman we Sitre portlary sebitiň möhüm ulag-aragatnaşyk çatryklary hasaplanýar. Bahreýn bilen Saud Arabystany patyşalygyny 1986-njy ýylda deňziň üstünden gurlan 25 kilometrlik köpri birleşdirýär. Bahreýnde hem, Kuweýtdäki ýaly, demir ýol ýokdur.



*Manama şäheriniň gijeki görnüşi*

2004-nji ýylda korol *Hamad ibn Isa al-Halifa* informasion tehnologiýalar bilen üpjün edilen 12 ýyllyk orta bilime geçmek taslamasyna badalga berdi. Ol *korol Hamadyň geljegiň mekdebi* adyny aldy. Onuň maksady ähli mekdepleri Internet ulgamyna birikdirmekden ybaratdyr.

Manamada arap transmilli korporasiýalarynyň ençemesiniň ştab-kwartirasy ýerleşýär.



*Bahreýndäki Durrat el-Bahreýn emeli adalary*

Bahreýne ýylda 8 *mln* gowrak syýahatçy gelip, onuň aglabasy goňşy arap ýurtlaryndandyr. Bahreýn dünýä syýahatçylaryny özüne çekmek üçin 2002–2008-nji ýyllarda umumy bahasy 6 *mlrd* amerikan dollaryna deň bolan *«Bahreýniň düri» («Durrat el-Bahreýn»)* atly 15 sany emeli adadan durýan emeli arhipelag taslamasyny amala aşyrdy. *«Elýeter bahadan ajaýyp dynç alyş»* – Bahreýniň öz syýahatçylaryna hödürleýän hyzmatlary şu şygarda jemlenendir.

Arap bahary bilen bagly 2011-nji ýylyň 14-nji fewralynda ýurtda halk tolgunyşyklary başlandy. 2012-nji ýylyň ahyrynda hem şeýle çykyşlar gaýtalandy. Çykyşlar hökümet tarapyndan ýatyryldy.

♦ **Dilmun** – Bahreýniň çäginde ýerleşen, şumerleriň we Ikiderýaralygynyň beýleki halklarynyň Hind derýasynyň jülgesindäki halklar bilen deňiz söwdasyny amala aşyrýan çatrygynda ýerleşen gadymy döwletiň ady.

♦ Bahreýniň ilatynyň 80%-i yslama uýýar. Onuň hem 75%-i şaýylar, 25%-i sünnülerdir. Ýurdy dolandyryjy nebere hem sünnilere degişlidir. Ilatyň 10%-ini hristianlar, galan 10%-ini bolsa ýahudylar, behaýylar, induistler, buddistler, zoroastraçylar düzýär.

♦ Bahreýn iň iri adybir adasynyň ini 15, uzynlygy 50 *km*-e barabardyr.

## §12. Oman



***Oman soltanlygy*** *– Günorta-Günbatar Aziýada, Arabystan ýarymadasynyň günorta-gündogarynda ýerleşen döwlet. Saud Arabystany, BAE, Ýemen bilen serhetleşýär. Arap deňziniň we Oman aýlagynyň suwy bilen ýuwulýar. Tutýan meýdany 309 500 inedördül km (dünýäde 70-nji ýerde). Ilaty, 2015-nji ýylyň maglumaty boýunça, 4 mln 298 müň adam (dünýäde 126-njy ýerde). Paýtagty – Maskat şäheri.*






Ikinji Jahan urşundan soň Omanyň çäginde iki döwlet – özygtyýarly *Oman ymamlygy* hem-de Beýik Britaniýanyň golastyndaky *Maskat soltanlygy* bardy. 1954-nji ýylyň tomsunda «Iraq Petroleum Company»-sine degişli golçur kärhana ymamyň rugsadyny almazdan, onuň çäginde nebit gözlemäge girişdi. Ýurduň täze ymamy *şeýh Galeb ben Aly* ýurduny garaşsyz arap döwleti yglan edip, halkara ykrarnamasyny gazanjak boldy. Emma ADL we Halkara arbitraž kazyýeti ony goldamady. 50-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda iňlis-maskat goşunlary Omana çozmaga ençeme gezek synanyşyk etdiler.

1970-nji ýylyň 9-njy awgustynda Maskatda *Oman soltanlygy* atly bitewi döwlet döredildi. *Soltan Said ben Teýmuryň* döwründe (1932–1970) Oman daşarky dünýäden üzňe diýen ýaly ýaşapdy – gazet, radio-telewideniýe, telefon, awtomobil, welosiped, äýnek, saýawan, ýewropa eşigi, aýakgaby, umuman, daşyndan getirilýän ähli zatlar gadagan edilipdi.



*Kabus ben Said*

1970-nji ýylyň 23-nji iýulynda geçirilen döwlet agdarylyşygynda Teýmur tagtdan el çekmäge mejbur boldy. Oman tagtyna ogly Kabus ben Said (1940-njy ýylda doglan) geçdi. Oman absolýut monarhiýadyr. Syýasy partiýalar gadagan edilendir.

Soltan Kabus ýurduny daşarky üzňelikden çykarmaga synanyşdy. 1971-nji ýylda arap döwletleriniň ençemesinde saparda boldy. 1971-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda Oman ADL-iň, 7-nji oktýabrynda BMG-niň agzasy boldy. 1996-njy ýylda ýurduň konstitusiýasy kabul edildi.

Soltan Kabusyň bitiren uly işi Oman ymamlygyny we Maskat soltanlygyny birleşdirmegidir. Eýranyň goldawyna daýanyp, Dofardaky gozgalaňy basyp ýatyrmagydyr. Kabus Omany yzagalaklykdan çykaryp, döwrebaplaşdyrmak üçin batyrgaý özgertmeleriň ençemesini geçirdi. Baryp 70-nji ýyllaryň ortasynda ol ýurtda hemra aragatnaşygyny ýola goýmagyň düýbüni tutdy. Täze ministrlikleriň ençemesini, döwrebap goşuny we floty döretdi. Ykdysadyýetde hususyýetçiligi goldamak ugruna eýerdi. Soltan esasy bölegi öz hususy eýeçiliginde bolan nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň girdejisini kuwwatly infrastruktura desgalaryny gurmaga, ilatyň durmuş ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirdi. 70-nji ýyllarda ägirt uly sosial taslamalar ýaýbaňlandyryldy. Ýurda elektrik geçirijileri, awtoulag ýollary gyzgalaňly guruldy.



*Maskat şäherindäki baş metjit*

Mekdepleriň, hassahanalaryň toplumy halkyň hyzmatyna berildi. Kabus dolandyryşynyň ilkinji 16 ýylynda ýurdunda 500-den gowrak mekdep gurdurýar. Halkyna bilim almagy we saglyk hyzmatlaryny mugt edýär. Hususy jaý edinmäge raýatlara döwlet göterimsiz karz berýär. Kabus ýurtda gurulýan binalaryň milli äheňde bolmagyna, olaryň biri-birini gaýtalamazlygyna üns berýär. 1973-nji ýylda Omanda halkara aeroporty we deňiz porty gurulýar. Kabus 1976–1980-nji ýyllarda oman ykdysadyýetine bäşýyllyk meýilnamalary girizýär.

Oman bilen Ýemen Halk Demokratik Respublikasynyň gatnaşyklary ýiti boldy. Omanyň soltany Eýranyň şasy Muhammet Pehlewi bilen ýygjam gatnaşyklary saklady. 1971-nji ýylyň oktýabrynda Tähranda bolan duşuşykda olar Pars aýlagynda durnuklylygy üpjün etmegi güýçlendirmegiň zerurdygyny nygtadylar. Eýran 1973–1975-nji ýyllarda Dofarda hökümete garşy çykyşlary ýatyrmaga Omana ýardam berdi. Omanyň günorta-günbatarynda, Ýemen bilen araçäkde ýerleşen Dofar Oman soltanlygyna birleşmäge garşy bolup, 1962–1976-njy ýyllarda onuň garşysyna uruş alyp bardy. Dofaryň birleşdirilmegi bilen, Oman bitewi döwlete öwrüldi. 1975-nji ýylyň ýanwarynda soltan Kabus ABŞ-da resmi saparda boldy. Eýranda şa düzgüni synansoň, Oman ABŞ-nyň bu sebitdäki ýakyn hyzmatdaşyna öwrüldi. Oman Müsürde Anwar Sadatyň düzgünini ikelläp goldady. Ysraýylyň Liwana goşun salmagyny ýazgardy.

Oman nebiti köp öndürýär. Ol 90-njy ýyllarda nebitden ortaça 4–5 *mlrd* dollar ýyllyk girdeji aldy. Oman öz nebitiniň bahasynyň çäklendirilmezligi üçin OPEK girmekden saklanýar. 2005-nji ýylda Oman 45,2 *mln* tonna nebit, 2006-njy ýylda 11,54 *mlrd* kub metr suwuklandyrylan gazy öndürdi. Ýylda 42–45 *mln* tonna çenli nebiti (3,2–5,8 *mlrd* ABŞ dollary) dünýä bazaryna eksport edýär. Omanyň nebit gorlary barha azalmak bilen. Muňa garamazdan, nebit-gaz pudagy ýurduň JIÖ-niň 40%-ini üpjün edýär. Döwlet pudagy güýçlüdir. 1999-njy ýylda JIÖ-de hyzmatlar pudagyna – 50%, senagata – 47%, oba hojalygyna – 3% degişlidi. Senagatynda mis, sement, alýuminiý, dökün önümçilikleri ýola goýlandyr. Balykçylyk pudagy ösendir. Ýylda 120 *müň* tonnadan gowrak balyk tutulyp, şonuň 40 *müň* tonnasy 40--dan gowrak ýurda eksport edilýär. Salýalýa, Matrah, Raýsýut ýaly iri portlary bar. Omanda hem demir ýollar ýokdur. Işçi güýjüniň 70%-i daşary ýurtly immigrantlardyr. Hökümet işçi güýjüni «omanlaşdyrmaga» gönükdirilen syýasaty ýöredýär.

«Arap bahary» Omana hem täsirini ýetirdi. 2011-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda 200--den gowrak adam ýaşaýyş-durmuş şertleriniň gowulandyrylmagyny talap edip, parahatçylykly köçe ýörişine çykdylar. Soltan Kabus hökümetde käbir üýtgetmeleri geçirip, tolgunyşygyň öňüni aldy.

Diýmek, soltan Kabus Omany dolandyran 47 ýylynda ony orta asyrlaryň yzagalak ýurdundan iň häzirkizaman ösen döwletleriniň birine öwürmegi başardy.

♦ Omanlylar gadymdan gelýän ökde deňizçilerdir. Ahmed bin Majid Wasko da Gamanyň gämilerini Hindistana tarap äkidipdi. XVIII asyrda oman deňizçisi Abu Ubeýda ben Abdalla ben Kasem kiçeňräk ýelkenli gämisinde 7 *müň km* ýol geçip, Hytaýyň Kanton portuna barypdyr.

## § 13. Arap döwletleriniň integrasiýasy



Ýewropa, Amerika ýurtlarynyň özara utgaşykly ösýän şertlerinde arap ýurtlarynyň arasynda hem sebitara utgaşykly ösüşiň birnäçe guramasy emele geldi. Emma Palestina döwletini döretmäge goldaw bermek, sebitdäki özara uruşlara gatnaşyk, şaýy-sünni mezhebi boýunça arap döwletleriniň arasyndaky käbir meseleler dartgynly bolmagynda galýar.



*Arap döwletleriniň Ligasynyň baýdagy*

**Arap döwletleriniň Ligasy (ADL).** Arap döwletleriniň Ligasy (arapça *Jami'at ad-Duwal al-Arabiýýa*) arap döwletlerini hem-de olara dostlukly garaýan, resmi dilleriniň biri arap dili bolan döwletleri birleşdirýän halkara guramasydyr. Ştab-kwartirasy Kairde (1979–1991 ý. aralygynda Tunisde) ýerleşýär. Ligany döretmek barada *Aleksandriýa ylalaşygyna* 1945-nji ýylyň 22-nji martynda Kairde Siriýanyň, Transiordaniýanyň, Yragyň, Liwanyň, Müsüriň, Saud Arabystanynyň ýolbaşçylary tarapyndan gol çekildi. 2017-nji ýylyň ortasynda guramanyň 22 sany agzasy bardy. Liga girýän döwletleriň umumy meýdany 5,25 *mln* inedördül mil bolup, ol çäkde 500 *mln* adam ýaşaýar. ADL-iň agzalarynyň arasynda sebitiň baý (Katar, BAE, Kuweýt, Saud Arabystany, Oman, Bahreýn) hem-de garyp (Somali, Komor adalary, Mawritaniýa, Ýemen, Sudan, Jibuti) döwletleri hem bar. ADL-e 8 sany monarhiýa, 14 sany respublika gurluşly döwletler girýär.




*Arap döwletleriniň Ligasynyň agzalarynyň köpelmegi*

Arap döwletleriniň Ligasynyň döredilmegine Angliýa aýratyn gyzyklanma bildirdi. Çünki onuň bu guramanyň üsti bilen arap dünýäsindäki milli azat edijilik hereketini gowşatmak, ikinjiden bolsa, sebitde beýleki bäsdeşleriniň täsiriniň artmagyndan goranmak pikiri bardy. Emma bu meýilleriň ikisi hem amala aşman galdy.

60-njy ýyllaryň ahyryna çenli Müsür bu guramada esasy orny eýeledi. Ol onuň býujetiniň ýarpysyny töleýärdi. Soňra Liganyň düzümine Sudan, Liwiýa, Marokko, Tunis, Kuweýt, Alžir, Ýemen Halk Demokratik Respublikasy, Bahreýn, Katar, Oman, Birleşen Arap Emirlikleri, Mawritaniýa, Somali, Palestinany halas ediş fronty, Jibuti, Komor adalary girdi. 1967-nji ýylyň arap-ysraýyl urşundan soňra Liganyň agzalarynyň arasynda bölünişik ýüze çykdy. 1979–1989-njy ýyllar aralygynda Müsür ADL-iň agzalygyndan çykaryldy. 2011-nji ýylyň 22-nji fewralynda Liwiýanyň, 13-nji martynda Siriýanyň Ligadaky agzalygy togtadyldy.




*ADL agza döwletleriň kartasy*

Guramanyň agzalarynyň arasynda maliýe-ykdysady, ulag we aragatnaşyk, medeniýet, saglygy goraýyş, gumanitar ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy utgaşdyrmak ADL-iň işiniň esasy ugurlarydyr. Ykdysady syýasatyň çäklerinde 1959-njy ýylda birinji Arap nebit kongresi (*Arab petroleum congress*) çagyryldy, 1964-nji ýylda bolsa Bilim, medeniýet we ylym meseleleri boýunça ADL-iň guramasy (*Arab League Educational, Cultural and Scientific Organization* ýa-da *ALECSO*) döredildi. Bulardan başga-da, 1953-nji ýylda Arap telekommunikasiýa birleşmesi (*Arab Telecommunications Union*), 1954-nji ýylda Arap poçta birleşigi (*Arab Postal Union*), Arap ösüş banky (*Arab Development Bank*, soňra adyny Arap maliýe guramasy diýip üýtgetdi) döredildi.

2015-nji ýylyň 29-njy martynda ADL-iň döwlet baştutanlary howpsuzlyk meselesinde bilelikde hereket etmek üçin sebitleýin bitewi ýaragly güýçleri döretmek hakda ylalaşdylar.

**Yslam hyzmatdaşlyk guramasy (YHG).** Yslam hyzmatdaşlyk guramasy (iňlis. *Organisation of Islamic Cooperation*) – yslam ýurtlarynyň hökümetara halkara guramasydyr. Ol 2011-nji ýyla çenli *Yslam konferensiýasy guramasy* diýlip atlandyryldy. Bu halkara guramasy 1969-njy ýylyň 25-nji sentýabrynda Saud Arabystanynyň başlangyjy boýunça döredilip, oňa 57 döwlet agza bolup durýar. Gurama agza ýurtlaryň çäginde 1,5 *milliarddan* gowrak adam ýaşaýar. YHG-niň ýokary organy agza döwletleriň döwlet we hökümet baştutanlarynyň derejesinde üç ýyldan bir gezek geçirilýän maslahatydyr. Guramanyň syýasy organy daşary işler ministrleriniň sessiýasydyr. Guramanyň edara binasy Jidda şäherinde ýerleşýär. YHG-niň ýanynda Baş sekretariat tarapyndan gözegçilik edilýän birnäçe özbaşdak guramalar hereket edýär. *Yslam Ösüş Banky (YÖB)* şolaryň biridir. Bulardan başga-da, ol guramalaryň hataryna Yslam habarlar agentligi, ykdysady we medeni meseleler boýunça Yslam komissiýasy, ylmy-tehniki ösüş boýunça Yslam gaznasy, Iýerusalim gaznasy, Yslam söwda-senagat edarasy, Yslam ösüş gaznasy, Yslam adalat kazyýeti, bilim, ylym we medeniýet boýunça Yslam guramasy we beýlekiler girýär.



*Yslam hyzmatdaşlygy guramasynyň agzalary (ýaşyl reňkde), gözegçi ýurtlar (gyzyl reňkde), ozalky agza ýurtlar (mämişi reňkde)*

YÖB hökümetara karz beriş guramasy hökmünde döredilip, onuň agzalary musulman karz beriji we alyjy döwletleri bolup durýar. Bank Pars aýlagy sebitinde ýerleşen döwletleriň nebitden gelýän girdejileriniň hasabyna döredilen maliýe institutydyr. YÖB-ni döretmek hakyndaky Jarnama 1973-nji ýylyň dekabrynda musulman ýurtlarynyň maliýe ministrleriniň maslahatynda gol çekildi. Bank öz işine

*Yslam hyzmatdaşlygy guramasynyň baýdagy*

1975-nji ýylyň oktýabrynda başlady. Gatnaşmagyň şertine laýyklykda, banka diňe YHG agza bolan döwletler agza bolup bilýär.

YÖB-ni sebitara banky hökmünde häsiýetlendirmek bolar. Çünki Aziýa, Afrika, Ýewropa, Amerika sebitinde oňa agza ýurtlar bar. Ýewropada Albaniýa we Türkiýe, Günorta Amerikada Surinam döwletleri onuň agzasydyr. Döredileninden bäri geçen 40 ýyldan gowrak wagtyň dowamynda bankyň agzalary iki esseden gowrak artdy. YÖB-niň esasy paýnamalaryna Saud Arabystany (27,3%), Liwiýa (11,0%), Eýran (9,6%), Müsür (9,5%), Türkiýe (8,7%), Birleşen Arap Emirlikleri (7,8%), Kuweýt (6,9%) eýeçilik edýär.

YÖB taslamalary maliýeleşdirmäge esasy üns berýär. 2002-nji ýylda çykdajylarynyň 29,8%-ini sosial hajatlara, 22,4%-ini ulag ulgamyna, 14,4%-ini oba hojalygyna, 22,3%-ini kommunal hyzmatlara gönükdirdi.

YÖB-niň berýän tehniki kömegi gönüden-göni taslamalaryň özüne degişli (taslamanyň tehniki-ykdysady esaslandyrmasy, jikme-jik meýilnamalaşdyrmak, ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, synag taslamalary we ş.m.) ýa-da konsalting görnüşinde (ösüş maksatnamasyny kesgitlemek, pudaklaryň ösüş maksatnamasyny taýýarlamak, edaralary döretmek we ösdürmek, ylmy barlaglary alyp barmak) amala aşyrylýar.

YÖB agza döwletleriň arasynda halkara söwdasynyň ösdürilmegine ýardam edýär, ätiýaçlandyryş guramalaryny, şeýle hem banka agza bolmadyk döwletlerde ýaşaýan musulman jemagatyny maliýe taýdan goldamak üçin, ýörite gaznalary döredýär. Oba hojalygynda bu bank tarapyndan maliýeleşdirilýän taslamalar pudagy ösdürmäge, hasyllylygy artdyrmaga we goramaga, topragy goramaga, maldarçylyga we ekerançylyga, meliorasiýa gönükdirilendir. Senagat pudagyndaky taslamalar bolsa industrial menejmenti we önümçiligi kämilleşdirmek, senagat kärhanalaryny goldamak, dikeltmek, ulanylmaýan kuwwatlyklary peýdalanmak bilen baglydyr. Salgyt we maliýe özgertmelerini goldamakda artykmaçlyk içerki we daşarky borçnamalar boýunça bank tejribesine we menejmentine berilýär. Infrastruktura pudagynda ulag, telekommunikasiýa we kommunal hyzmatlara üns berilýär. Ylym we tehnologiýalar babatda milli we sebitara ylmy-tehniki syýasaty we strategiýany işläp düzmek baradaky taslamalara üns berilýär. YÖB ylmy-tehniki barlaglary we bilimi goldaýar, olara tehniki goldawy berýär, oba hojalygy, saglygy goraýyş, ulag pudaklaryna täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna ýardam berýär.

YÖB-niň agza döwletlerinde amala aşyran anyk uly taslamalary hakda agzalmaly bolsa, Azerbaýjandaky Alýat ýoluny gurmagy maliýeleşdirmegi (13 *mln* dollar), Kamerunda 400 sany suw skwažinasynyň burawlanmagy (8 *mln* dollar), Tunisde suw üpjünçilik ulgamynyň gurulmagy (5 *mln* dollar), Müsürde nasos stansiýala-

rynyň çalşyrylmagy (28 *mln* dollar), Senegal üçin awtobuslaryň satyn alynmagy (19 *mln* dollar), Alžirde elektrik energiýasyny paýlaýan üç sany merkeziň gurulmagy (20 *mln* dollar) ýaly käbir mysallary getirmek bolar.

YÖB Garaşsyz döwletleriň Arkalaşygyna girýän 6 sany döwlete: Azerbaýjan, Gazagystan, Gyrgyz, Täjigistan, Türkmenistan we Özbegistan Respublikalaryna ýakyndan maliýe goldawyny berýär. 1997-nji ýylda Gazagystanda bankyň sebitdäki wekilhanasy açyldy. YÖB Gazagystana Almaty–Gülşat gara ýoluny gurmaga, poçta ulgamyny kämilleşdirmäge 77 *mln* dollar bölüp berdi.

Türkmenistan hem bu maliýe guramasy bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär. 2009-njy ýylyň 2–3-nji iýunynda Aşgabatda YÖB-niň dolandyryjylar Geňeşiniň 34-nji sammiti geçirildi. Söwda-ykdysady, saglygy goraýyş, ulag, bilim we beýlekiler hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary hökmünde kesgitlenildi. YÖB Türkmenistanda ençeme taslamalaryň amala aşyrylmagyna öz goşandyny goşdy. Olaryň arasynda Aşgabat şäherindäki S.A.Nyýazow adyndaky sagaldyş-maslahat beriş merkezini enjamlaşdyrmak, täze nebit guýulýan tankeri satyn almak, Aşgabat we Daşoguz şäherlerinde anyklaýyş merkezlerini gurmak, Mary şäherindäki anyklaýyş merkezini enjamlaşdyrmak, Arçmandaky gidroterapewtiki merkeziň birinji tapgyryny gurmak üçin ABŞ-nyň 80 *mln* dollaryna barabar serişde özleşdirildi. YÖB tarapyndan Arçmanda we Bäherdende gidroterapewtiki merkezleriň, optiki-süýüm aragatnaşygynyň Aşgabat–Türkmenbaşy ugrunyň gurluşyklary maliýeleşdirildi. Türkmenistan bilen YÖB-niň 2016–2018-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygynyň Maksatnamasy özüne düzümi, ykdysadyýeti we durmuş ulgamyny ösdürmäge gönükdirilen taslamalaryň sekizisini birleşdirýär.

**Pars aýlagynyň arap döwletleriniň Hyzmatdaşlyk geňeşi (PAADHG).** 1981--nji ýylyň 25-nji maýynda Abu-Dabide ýokary derejedäki duşuşykda *Pars aýlagynyň arap ýurtlarynyň Hyzmatdaşlyk geňeşi (iňlis. Cooperation Council for the Arab States of the Gulf)* döredildi. Onuň 6 sany agzasy bar (Bahreýn, Katar, Kuweýt, BAE, Oman, Saud Arabystany). Guramany döretmek başlangyjy Saud Arabystanyna degişlidir. 2005-nji ýyldan bäri Ýemeni Geňeşe agzalyga almak hakda gepleşikler alnyp barylýar. Aýlagdaky arap döwletlerinden Yrak Geňeşe agza däldir. Gurama agza bolmaklyga Iordaniýa we Marokko hem çagyryldy. Sebitiň ýurtlarynyň tutýan meýdany 2 285 844 inedördül *km*. Bu çäkde 2012-nji ýylyň maglumatyna görä, 42,1 *mln* adam ýaşaýardy. Ol sebitara ýapyk halkara guramasydyr. Resmi adynda «Pars» sözi ýokdur. Çünki arap döwletleri agzalan aýlagy «*Arap aýlagy*» «Halij-el-arabi» atlandyrmagy ileri tutýarlar. Guramanyň esasy maksady – ykdysady, sosial, medeni meselelerde utgaşmany, hyzmatdaşlygy we bilelikdäki ösüşi amala aşyrmakdan ybaratdyr.



*Pars aýlagy ýurtlarynyň Hyzmatdaşlyk geňeşiniň baýdagy*

Bilelikdäki ykdysady ylalaşyga laýyklykda, alty döwletiň arasyndaky gümrük päsgelçilikleri aradan

aýryldy. Aýlagyň halklary Geňeşe agza döwletleriň islendiginde deň hukuklarda önümçiligini açmaga we geleşikleri baglaşmaga haklydyrlar. Aýlag ýurtlarynyň çalt hereket edýän birleşdirilen goranyş güýçleri bar («*Ýarymadanyň galkany*»). PAADHG-niň organlary döwlet baştutanlarynyň ýylda bir gezek geçirilýän Ýokary geňeşinden, üç aýda bir gezek geçirilýän Ministrler geňeşinden ybaratdyr. Guramanyň baş sekretariaty er-Riýadda ýerleşýär. PAADHG-niň agzalary 2012-nji ýylda geljekde guramanyň konfederasiýa ösüp geçmek mümkinçiligini beýan etdiler.

PAADHG-niň ykdysady mümkinçiligi uludyr. Sebit dünýäde nebitiň barlanan gorlarynyň 40%-ini özünde jemläp, daşary ýurtlaryň bu çig mala bolan zerurlygynyň 25%-ini kanagatlandyrýar. Dünýä tebigy gaz gorlarynyň 20%-i, maliýe gorlarynyň 40%-i şu sebite degişlidir.

2009–2011-nji ýyllarda Pars aýlagyndaky 6 ýurt öz energiýa ulgamlaryny birikdirdi. «*Haliji*» («*Aýlag*») atlandyrylan bitewi walýuta geçmeklik hem meýilleşdirilýär. 2014–2018-nji ýyllarda sebitiň ýurtlaryny demir ýollar arkaly birleşdirjek umumy bahasy 100 *mlrd* dollar bolan iri taslamany amala aşyrmak göz öňünde tutulýar. BAE, Katar, Bahreýn we Saud Arabystanyndan geçjek ýoluň uzynlygy 2177 *km* bolar. Taslama tamamlanandan soň, Arap ýarymadasynyň günortasyndaky Oman bilen demirgazygyndaky Kuweýt polat ýollar arkaly biriger. Taslamanyň çäginde her ýurt öz üstünden geçýän bölegini gurar.

♦ Hindistanyň musulman ilatynyň sany boýunça dünýäde 2-nji ýerdedigine garamazdan, Pakistan onuň Yslam hyzmatdaşlyk guramasyna agza bolmagyna garşy çykýar.

## § 14. Ýakyn Gündogardaky arap döwletleri bilen Türkmenistanyň hyzmatdaşlygy

Ýakyn Gündogar ýurtlary Türkmenistan bilen işjeň gatnaşyklary alyp barýarlar. Arap dünýäsindäki ygtybarly hyzmatdaşlarymyzyň birem **Saud Arabystany** Patyşalygydyr. Iki döwletiň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 22--nji fewralynda ýola goýuldy. 1997-nji ýylda Aşgabatda Saud Arabystany Patyşalygynyň, 2008-nji ýylda er-Riýadda Türkmenistanyň Ilçihanalary açyldy. Diplomatik gatnaşyklaryň 20 ýyldan gowrak döwrüniň içinde hyzmatdaşlygyň mäkäm binýady döredildi. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary ýurtlara ilkinji resmi sapary 2007-nji ýylyň 13–16-njy apreli aralygynda musulmanlaryň iki mukaddesliginiň ýerleşýän ýerine – Saud Arabystanyna bolupdy. Hormatly Prezidentimiziň Saud Arabystany Patyşalygynyň Patyşasy Abdalla ben Abdul Aziz al-Saud bilen geçiren gepleşiklerinde dostlukly iki ýurduň arasyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary we geljegi ara alnyp maslahatlaşylypdy. Saparyň baş maksady Mukaddes ýerlere zyýarat bolup, ýagşy dilegler edilipdi.



*Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow we Saud Arabystanynyň Patyşasy Abdalla ben Abdul Aziz al-Saud, 2007-nji ýyl*

Şol sapardan bäri türkmen-saud hyzmatdaşlygy has çalt depginler bilen ösüp başlady. Ol söwda-ykdysady, medeni-gumanitar ugurlarda has-da giň gerime eýe bolýar. 2008-nji ýylda «Türkmenistan we Saud Arabystany: dostluk we hyzmatdaşlyk ýoly bilen» atly dört dilde, şol sanda arap dilinde kitap neşir edildi.

2009-njy ýylyň maýynda Saud Arabystany Patyşalygynyň işewür adamlarynyň Türkmenistana sapary guraldy. Onuň barşynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk hakynda Baş ylalaşyga hem-de iki ýurduň söwda-senagat edaralarynyň arasynda hyzmatdaşlyk hakyndaky Ylalaşyga gol çekildi. Hökümetara türkmen-saud topary hem-de bilelikdäki işewürler maslahatlary iki ýurduň arasyndaky söwda-ykdysady we işewür gatnaşyklary işjeňleşdirmegiň netijeli usullarydyr. 2010-njy ýylyň 17–20-nji ýanwary aralygynda Saud Arabystany patyşalygynyň er-Riýad şäherinde türkmen-saud bilelikdäki hökümetara toparynyň bilelikdäki I mejlisi geçirildi. 2013-nji ýylyň 21–22-nji fewralynda Aşgabatda bu toparyň II, 2016-njy ýylyň 23--nji martynda IV mejlisleri boldy. Olar türkmen-saud işewürler maslahatlary bilen utgaşykly geçirildi.

2010-njy ýylyň 23–24-nji maýynda, 2016-njy ýylyň 27–28-nji sentýabrynda Saud Arabystany Patyşalygynda Türkmenistanyň, 2011-nji ýylyň 19–22-nji ýanwarynda Türkmenistanda Saud Arabystanynyň Medeniýet günleri geçirildi. 2011-nji ýylyň 28–30-njy martynda Saud Arabystany Patyşalygynda Türkmenistanda öndürilýän önümleriň sergisi geçirildi. 2016-njy ýylyň maý aýynyň soňky hepdesinde er-Riýad şäherinde geçirilen Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza ýurtlaryň 15-nji Söwda sergisiniň çäklerinde Türkmenistanyň önümleriniň sergisi gurnaldy.

2016-njy ýylyň 1–3-nji maýynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Saud Arabystany Patyşalygyna ikinji gezek resmi sapary bol-

dy. Hormatly Prezidentimiz Saud Arabystanynyň Patyşasy *Salman ben Abdul Aziz al-Saud* bilen gepleşikleri geçirdi. Türkmenistanyň Prezidenti Saud Arabystany Patyşalygyna resmi saparynyň çäklerinde bu ýurduň işewür toparlarynyň wekilleri bilen duşuşdy, Patyşa Abdul Aziz adyndaky Ylym we tehnologiýalar şäherjigine hem-de «ad-Diriýa» taryhy şäherçesine baryp gördi. Türkmenistanyň Baştutany Mukaddes Käbä hem-de Muhammet pygamberiň metjidine zyýarat etdi.

Saud Arabystany bilen Türkmenistanyň arasynda ylmy hyzmatdaşlyk hem giňeldilýär. Türkmen topragynda ýaşan meşhur alymlaryň ençemesi orta asyrlarda ylmyň dili hasaplanan arap dilinde öz eserlerini döredipdirler. Olaryň golýazma nusgalarynyň köpüsi daşary ýurtlaryň, şol sanda, arap dünýäsi ýurtlarynyň kitaphanalarynda saklanýar. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar institutynyň alymlary 2007, 2009 we 2011-nji ýyllarda Saud Arabystanynyň er-Riýad şäherindäki Patyşa Abdul Aziz, Patyşa Faýsal, Mekge şäherindäki Mekke-til-Mükerreme, Haramul-Mekki Şerif, Medine şäherindäki Abdul Aziz, Aryf Hikmet ýaly dürli ylmy merkezlerde we kitaphanalarda saklanýan türkmen halkynyň gadymy taryhyna, diline, edebiýatyna, medeniýetine we sungatyna degişli köpsanly golýazma çeşmeleriniň surat we CD nusgalaryny ata Watana getirip, golýazma hazynasyna tabşyrdylar. Olaryň köpüsi Milli golýazmalar institutynyň alymlary tarapyndan türkmen diline terjime edildi hem-de hormatly Prezidentimiziň goldawy bilen neşir edildi. Saud Arabystanyndan bolan alymlar Türkmenistanda geçirilýän halkara ylmy maslahatlaryna yzygiderli gatnaşýarlar. Milli golýazmalar instituty, esasan hem, Saud Arabystany Patyşalygynyň er-Riýad şäherinde ýerleşen Patyşa Faýsal adyndaky yslam ylmy-barlag merkezi we Patyşa Abdul Aziz ylmy merkezi bilen ýakyndan ylmy gatnaşyk saklap gelýär. 2013-nji ýylyň 23–25-nji fewralynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty Patyşa Faýsal adyndaky yslam ylmy-barlag merkezi bilen bilelikde Saud Arabystany Patyşalygynyň er-Riýad şäherinde Merw şäherinde kemala gelen alym Abu Sagyt Samany Merwezä bagyşlap «Abu Sagyt Samany Merwezi we onuň arap-yslam medeni-ylmy taryhyndaky tutýan orny» atly halkara ylmy maslahatyny geçirdiler.

Magtymguly adyndaky TDU-da, D. Azady adyndaky TMDDI-de arap dili boýunça ýokary bilimli hünärmenler taýýarlanýar. Ýurdumyzyň orta we ýokary okuw mekdepleriniň käbirinde arap dili öwredilýär.

**Birleşen Arap Emirlikleri** bilen Türkmenistanyň arasynda 1995-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy. 2002-nji ýylyň 20-nji awgustynda BAE-niň Türkmenistanda ilçihanasy açyldy. 2007-nji ýylyň 26–27-nji awgustynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Birleşen Arap Emirliklerine ilkinji resmi döwlet sapary boldy. Iki döwletiň baştutanlary özara gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlaryny takyklap, ýangyç-energetika ulgamlarynda, oba hojalygynda, hususan-da, däne öndürmekde we gaýtadan işlemekde, gurluşykda hyzmatdaşlyk etmegiň geljegini ara alyp maslahatlaşdylar. Dostlukly

döwletiň baştutany doganlyk türkmen halky üçin peýdaly, ýakymly bir zat etmek baradaky islegden ugur alyp, Türkmenistana sowgat hökmünde ABŞ-nyň 50 *million* dollaryny sowgat berdi hem-de bu serişdeleriň Aşgabatda işläp gelýän «Ene mähri» merkezi we Arçmandaky şypahana ýaly möhüm desgalaryň gurluşygynda ulanylmagyny arzuw etdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň BAE ilkinji resmi saparynyň netijesi boýunça Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň Daşary işler ministrliginiň arasyndaky hyzmatdaşlyk hakyndaky Ähtnama, medeniýet babatda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky hökümetara Ylalaşygyna gol çekildi. Saparyň barşynda ýurdumyzyň birnäçe ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň baştutanlary BAE-niň degişli pudak ýolbaşçylary bilen duşuşyp, öz ugurlary boýunça bu döwletiň tejribesini içgin öwrendiler hem-de hyzmatdaşlyk etmegiň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar. Iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary berkitmek we ösdürmek işine goşan ägirt uly goşandynyň ykrar edilmesiniň nyşany hökmünde BAE-niň prezidenti Türkmenistanyň Baştutanyna dabaraly ýagdaýda Birleşen Arap Emirlikleriniň ýokary döwlet sylagy bolan *Zaýediň Ordenini* gowşurdy.

Iki döwletiň arasynda söwda-ykdysady, saglygy goraýyş, bilim, medeniýet babatda hyzmatdaşlyk dowam edýär. 2009-njy ýylda BAE Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygynda 5-nji orny eýeledi. 2012-nji ýylyň görkezijileri boýunça iki ýurduň arasyndaky haryt dolanyşygy 1 *milliard* 423 *million* dollara deň boldy. 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda Türkmenistanda BAE-niň işewürleriniň gatnaşmagynda 50-den gowrak kärhanalar hasaba alyndy. Türkmenistan dokma, ýeňil, himiýa senagatynyň, oba hojalygy, ýangyç-energetika pudagynyň önümlerini BAE iberýär. BAE-den bolsa elektrik harytlary, enjamlar, ulag serişdeleri, metal we şondan ýasalan önümler, gurluşyk materiallary we beýlekiler getirilýär. BAE Aşgabatda ýetim çagalar üçin *Döwletliler köşgüni* gurup, sowgat berdi. Bu bilim ojagy BAE-niň öňki prezidenti şeýh Zaýed ben Sultan al-Nahaýýanyň adyny göterýär.

2008-nji ýylyň fewralynda BAE-niň prezidenti Şeýh Halifa Ben Zaýed al-Nahaýýan Türkmenistanda resmi döwlet saparynda boldy. Saparyň barşynda Aşgabatda BAE-niň ilçihanasynyň açylyş dabarasy boldy. Türkmenistanyň we BAE-niň halklarynyň arasynda hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmekdäki, özara ylalaşygy, jebisligi we agzybirligi saklamakdaky, parahatçylygy, dostlugy we hyzmatdaşlygy berkitmekdäki uly goşandy üçin Şeýh Halifa Ben Zaýed al-Nahaýýan Türkmenistanyň ýokary ordeni – «*Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy*» ordeni bilen sylaglandy. Saparyň jemleri boýunça Türkmenistan bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň bilelikdäki beýanaty kabul edildi.

2010-njy ýylyň 9–10-njy fewralynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Birleşen Arap Emirliklerine ikinji resmi sapary boldy. Resmi saparyň dowamynda hormatly Prezidentimiz BAE-niň prezidenti şeýh Halifa Ben Zaýed al-Nahaýýan, Dubaýyň hökümdary, ýurduň premýer-ministri şeýh Makdum Ben Raşid al-Maktum bilen

gepleşikleri geçirdi. Saparyň jemleri boýunça ikitaraplaýyn resminamalaryň birnäçesine – özara düşünişmek hakynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy bilen BAE-niň Söwda-senagat edaralary federasiýasynyň arasyndaky Ähtnama, Söwda, ykdysady we tehniki hyzmatdaşlyk etmek boýunça Türkmenistanyň Hökümeti bilen BAE-niň Hökümetiniň arasyndaky Ähtnama, Howa gatnawy hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen BAE-niň Hökümetiniň arasyndaky Ylalaşyga gol çekildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň BAE resmi saparynyň jemleri boýunça Bilelikdäki maglumat kabul edildi.

2010-njy ýylyň 1–2-nji fewralynda BAE-niň Abu-Dabi şäherinde Türkmenistanyň Maýa goýum forumy geçirildi. BAE Yslam ösüş banky we arap dünýäsiniň iri maliýe gaznalary bilen bir hatarda Türkmenistanda amala aşyrylýan taslamalara maýa goýmaga gatnaşýar. 2009-njy ýylyň 17–18-nji oktýabrynda Aşgabatda ýurdumyzyň ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň Yslam ösüş bankyny, Saud ösüş gaznasyny, Arap ykdysady ösüşiniň Kuweýt gaznasyny, OPEK Halkara ösüş gaznasyny we Abu-Dabiniň ösüş gaznasyny özüne birleşdirýän Utgaşdyryjy toparyň duşuşygynda Türkmenistanda taslamalary amala aşyrmaga ABŞ-nyň 1 *milliard* dollaryna golaý maýa goýmak barada degişli karar we protokol kabul edildi. Abu-Dabiniň ösüş gaznasy Aşgabatdaky nefrologiýa merkeziniň gurluşygynyň we «Arçman» şypahanasynyň abatlaýyş işleriniň, Mary şäherindäki aeroportuň uçuş-gonuş zolagynyň durkunyň täzelenmeginiň maliýeleşdirilmegine gatnaşdy.

2009-njy ýylyň 29-njy dekabrynda Günorta Ýolöten ýatagyny senagat taýdan özleşdirmek üçin, «Türkmengaz» döwlet konserni BAE-niň «Petrofac International (UAE) LLC» kompaniýasy bilen umumy bahasy 3 *mlrd* 978,5 *million* amerikan dollaryndan köp bolmadyk, «Culf Oil & Gaz FZE» kompaniýasy bilen umumy bahasy 1 *mlrd* 150 *million* amerikan dollaryndan köp bolmadyk şertnamalary baglaşdy. Munuň özi BAE-niň türkmen ýangyç bazarynda öz işjeňligini artdyrýandygynyň, oňa uly möçberde maýa goýýandygynyň alamaty bolup durýar.

Iki döwletiň hyzmatdaşlygynda medeni-gumanitar ulgama-da uly orun degişlidir. BAE-niň kompaniýasyndan Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty üçin rejeleýiş enjamlary we abzallary satyn alyndy. Türkmenistanyň YA-nyň milli Golýazmalar institutynyň alymlary 2007-nji ýyldan bäri hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi bilen BAE-niň Juma al-Majid adyndaky gaznasy bilen golýazma mirasyny gorap saklamak babatda ýakyn hyzmatdaşlyk alyp barýar. Bu merkez bilen ilkinji gezek Özara ylmy hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky ylalaşyga 2007-nji ýylyň 7-nji martynda, ikinji bölegine 2014-nji ýylyň 15-nji maýynda gol çekildi. Agzalan merkez Şarjada geçirilen halkara kitap sergisinde Magtymgulynyň arap diline terjime edilen diwanynyň tanyşdyrylyş dabarasyny geçirdi. Onda hormatly Prezidentimiziň «Ganatly bedewler» atly kitabynyň arap dilindäki terjimesi hem tanyşdyryldy. Agzalan merkez «Magtymguly we gündogar edebiýaty» atly halkara maslahatyny geçirdi. 2010-njy ýylyň 20–22-nji noýabry aralygynda Magtymgu-

ly Pyragynyň 290 ýyllyk toýuna bagyşlanyp, Dubaý şäherinde şahyryň arap dilinde çap edilen şygyrlarynyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi. 2012-nji ýylyň 16–19-njy dekabry aralygynda ylym, bilim we energetika ulgamlaryndan düzülen wekiliýet «Masdar city» atly taslamanyň täze tilsimatlary bilen ýakyndan tanyşdy. Şäherçäni gurmaklygyň esasy maksady gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerinden peýdalanmagyň usullaryny öwrenmek hem-de ony özleşdirmekden we howanyň üýtgemeginiň öňüni almakdan ybaratdyr. Şäherçede ýangyç bilen işleýän transport serişdelerini ulanmak gadagan edilip, ähli ýolagçy gatnawyny Gün energiýasy bilen hereket edýän, kompýuterler arkaly işleýän ulaglar amala aşyrýar.

**Katar** bilen Türkmenistanyň arasynda ýygjam gatnaşyklar dowam edýär. 1996--njy ýylyň 22-nji noýabrynda iki döwletiň arasynda diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2010-njy ýylyň 11–12-nji oktýabrynda Katar döwletinde resmi saparda boldy. Saparyň dowamynda hormatly Prezidentimiz Kataryň emiri Hamad bin Halefa at-Tani bilen duşuşdy. Dohada ilkinji gezek geçirilen ýokary derejedäki türkmen-katar gepleşiklerinde, ilkinji nobatda, energetika, syýahatçylyk, senagat we söwda, ulag we aragatnaşyk, ýokary tehnologiýalar, maýa goýumlary, sport maksatly iri desgalary gurmak döwletara hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan we geljegi uly ugurlarynyň hatarynda görkezilipdi. Hökümetara we pudagara resminamalarynyň ençemesine gol çekildi.

2013-nji ýylyň 28–29-njy ýanwarynda Aşgabatda söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-katar Hökümetara toparynyň birinji mejlisi geçirildi. Türkmenistan tarapyndan Katara iberilýän esasy önüm ýangyç-energetika toplumynyň önümleridir. Katardan Türkmenistana polat, enjamlar we mehanizmler, elektrik harytlary import edilýär. Türkmenistan Katara özüniň dokma senagatynyň önümlerini ibermäge aýratyn gyzyklanýar.



*Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow we Katar döwletiniň emiri Şeýh Tamim bin Hamad at-Tani, 2017-nji ýyl*

Katar döwletiniň *emiri Şeýh Tamim bin Hamad at-Tani* 2016-njy ýylyň 6–7-nji martynda Aşgabada ilkinji resmi sapary amala aşyrdy. Gepleşikleriň netijesi boýunça gol çekilen 10 sany möhüm resminama döwletara gatnaşyklaryň resmi-hukuk binýadyny ýene-de berkitdi. Olaryň arasynda maliýe, ulag, howa gatnawlary, sport, syýahatçylyk, bilim, medeniýet ugurlary boýunça degişli pudagara we hökümetara Ähtnamalary we Ylalaşyklary bar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2017-nji ýylyň 15–16-njy martynda Katar döwletinde döwlet saparynda boldy. Saparyň öňüsyrasynda Katarda Türkmenistanyň Medeniýet günleri, saparyň çäginde bolsa türkmen-katar işewürler maslahaty geçirildi. Saparyň barşynda energetika, awiasiýa, bilim, ykdysadyýet, ekologiýa ugurlary boýunça 5 sany resminama gol çekildi.

Türkmenistan bilen **Bahreýniň** arasynda diplomatik gatnaşyklar 1995-nji ýylyň 15-nji dekabrynda ýola goýuldy. 2011-nji ýylyň 9–10-njy fewralynda Türkmenistanyň Prezidenti Bahreýn Patyşalygynda ilkinji gezek resmi saparda boldy. Ol Bahreýniň patyşasy Hamad bin Isa al-Halefa, ýurduň premýer-ministri şeýh Halefa bin Salman al-Halefa bilen gepleşikleri geçirdi. Saparyň jemleri boýunça iki döwletiň Daşary işler ministrliginiň arasynda ikitaraplaýyn geňeşmeler boýunça özara düşünişmek barada Ähtnama; iki döwletiň Hökümetiniň arasynda ykdysady, söwda, ylmy we tehniki hyzmatdaşlyk boýunça özara düşünişmek hakyndaky Ähtnama; girdejiler üçin we maýa üçin salgytlar babatda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak hakyndaky Konwensiýa; maýa goýumlaryny höweslendirmek we goramak baradaky Ylalaşyga gol çekildi. Türkmenistanyň we Bahreýniň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň we hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine uly goşant goşandygy hem-de parahatçylyga we döredijilige esaslanýan syýasaty ýöredýändigi üçin, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa Bahreýn Patyşalygynyň ýokary döwlet sylagy – *Şeýh Isa bin Salman al-Halifa adyndaky birinji derejeli Ordeni* gowşuryldy.

Türkmenistan bilen **Iordaniýa Haşimit Patyşalygynyň** arasyndaky ýakyn hyzmatdaşlyk iki döwletiň milli Liderleriniň 2008-nji ýylyň iýulynda Gazagystanyň paýtagty Astananyň 10 ýyllyk ýubileý dabaralaryna gatnaşmak pursadyndaky gepleşiklerden soň başlandy. 2008-nji ýylyň 24-nji awgustynda bu dostlukly döwletiň baştutany *Abdallah II ibn al-Huseýniň* Türkmenistana ilkinji resmi sapary boldy. Söwda-ykdysady sfera, ýangyç-energetika pudagy, oba hojalygy, ulag-kommunikasiýa, dokma we himiýa senagaty, gurluşyk, ýokary tehnologiýalar ýaly ugurlar netijeli işewür gatnaşyklary ýola goýmak we özara peýdaly tejribe alyşmak üçin örän giň mümkinçilikleri açýar. Gumanitar hyzmatdaşlygy, ilkinji nobatda, bilim, ylym, saglygy goraýyş we medeniýet babatlarda gatnaşyklary ösdürmäge hem uly ähmiýet berilýär. Iordaniýanyň baştutanynyň Aşgabada saparynyň jemleri boýunça bilelikdäki beýanat kabul edildi. 2009-njy ýylyň 29-njy iýulynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Iordaniýa Haşimit Patyşalygyna resmi sapary boldy. Iordaniýanyň «Consolidated Consultants Engineering and Environment» kompaniýasy Gyzylgaýa–Bereket–Etrek demir ýolunyň Bereket – Serhetýaka

bölegininň gurluşyk-gurnama hem-de Aşgabat–Bereket–Türkmenbaşy demir ýolunyň howa-aragatnaşyk ulgamynyň durkuny täzelemek işleri amala aşyrylanda maslahat beriş hyzmatlaryny ýerine ýetirdi.

2018-nji ýylyň 13–15-nji martynda Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň Kuweýt Döwletine ilkinji resmi sapary boldy.

## X BAP. AFRIKANYŇ ARAP ÝURTLARY

Afrika dünýädäki araplaryň üçden iki bölegininiň jemlenen sebitidir. Olaryň aglabasy Demirgazyk Afrikadadyr. Günbatar Sahara, Marokko, Alžir, Tunis, Liwiýa, Müsür arap ýurtlary hasaplanylýar. Garaýagyz ilat Günorta Sudan Respublikasyny döredenden soň, Sudanda hem esasy ilat araplar bolup galdy. Nigeriýanyň ilatynyň 80% çemesi arap-berber gatyşmasyndan emele gelen mawrlardyr. Şonuň üçin Sudan we Mawritaniýa döwletleri hem arap döwletleriniň hataryna goşulýar. Somali döwletinde hem araplar ilatyň köplügini düzýär. 2013-nji ýylda Afrikadaky arap ýurtlarynyň ilatynyň sany 200 *mln* adamdan geçdi. Araplar Afrikanyň demirgazygyna ýakyn beýleki döwletlerde hem köpçülikleýin ýaşaýarlar.

Arap döwletleri Afrikanyň beýleki sebitlerinden baý ýurtlardyr. Olaryň birnäçesi tebigy baýlyklaryň, nebit-gazyň hasabyna baýadylar. 2011-nji ýylda Alžir 93,8 *mln* tonna, Müsür 35,5 *mln* tonna, Liwiýa 25 *mln* tonna nebit öndürdi. Emma arap ýurtlarynyň arasynda garyplary hem bar. Mysal üçin, Mawritaniýa şeýle ýurtlaryň biridir. Ol arap ýurtlarynyň arasynda ilatyň jan başyna düşýän milli girdejiniň ortaça möçberi boýunça yzdaky döwletdir. Mawritaniýanyň hökümetiniň iki gezek (1980-nji we 2007-nji ýyllarda) gulçulygy gadagan edýän kararlary kabul edendigine garamazdan, ol ýerde häli-häzire çenli gulçulygyň saklanmagy, onuň ösüşiniň pesdigini görkezýär.

Afrikanyň arap ýurtlarynyň arasynda Müsür, Alžir, Morokko, Tunis ykdysady kuwwaty boýunça iň ulularydyr. Müsür ilatynyň sany boýunça-da (2016-njy ýylda 93 *mln*) dünýäniň arap ýurtlarynyň iň ulusydyr. Liwiýa hem M. Kaddafiniň döwründe ykdysady taýdan kuwwatly arap ýurtlarynyň hataryndady. Emma 2011-nji ýylyň «Arap baharyndan» soň bu ýurduň ykdysadyýeti wagtlaýynça pese gaçdy.

Afrikada arap döwletlerinden başga-da, ilatynyň hemmesi ýa-da aglaba bölegi musulman bolan döwletleriň hataryna Gambiýa (1,8 *mln* ilatynyň 90%-i musulman), Senegal (13 *mln* ilatynyň 94%-i musulman), Mali (14,5 *mln* ilatynyň 90%-i musulman), Burkina-Faso (Ýokarky Wolta, 17,3 *mln* ilatynyň 50%-i musulman), Niger (17 *mln* ilatynyň hemmesi musulman), Gwineýa (10 *mln* ilatynyň 85%-i musulman), Jibuti (0,5 *mln* ilatynyň hemmesi musulman), Somali (10 *mln* ilatynyň hemmesi musulman), Komor adalary (0,8 *mln* ilatynyň hemmesi musulman) girýär.

# § 1. Müsür



***Müsür Arap Respublikasy (arap. Misr)*** *– Afrikanyň Demirgazyk--gündogarynda we Aziýanyň Sinaý ýarymadasynda (6%) ýerleşen döwlet. Günbatarda Liwiýa, günortada Sudan, demirgazyk-gündogarda Ysraýyl bilen serhetleşýär. Tutýan meýdany – 1001,5 müň inedördül km. Paýtagty – Kair şäheri. 2017-nji ýylyň maglumatlaryna görä ilatynyň sany 97 mln adam (dünýäde 14-nji ýerde).*







Ikinji Jahan urşundan soňra Müsürde milli azat edijilik hereketi güýçlendi. Olar «Ýurtdan iňlis goşunlaryny çykarmaly!» diýen şygar astynda geçdi. Halk hereketinden gorkan Angliýa Müsüriň hökümeti bilen *Sidki–Bewiniň şertnamasy* atly resminamany baglaşdy. Emma halk nägileliginiň artmagy bilen, ol güýje girmän galdy. Sidkiniň hökümeti iş başyndan aýryldy. Birinji arap-ysraýyl urşunda Müsüriň ýeňilmegi ýurtda iňlislere garşy meýilleri güýçlendirdi. «*Musulman doganlar*» atly guramanyň agzalary terrorçylykly hereketleri amala aşyryp başladylar.

1950-nji ýylyň ýanwarynda parlamente saýlawlar geçirilip, *Wafd* partiýasy ýeňiş gazandy. Hökümete *Mustafa Nahhas* baştutan boldy. 1951-nji ýylyň oktýabrynda halk hereketiniň basyşy astynda parlament 1936-njy ýylyň iňlis-müsür şertnamasyny hem-de Sudanyň üstünden *kondominium* düzgünini berkidýän 1899--njy ýylyň ylalaşygyny ýatyrdy. Sudan Müsüriň aýrylmaz bölegi diýlip jar edildi. Müsüriň koroly iki ýurduň hem baştutany boldy. Muňa jogap edip, iňlisler Sues kanalynyň etrabyna goşun iberdi. Wafdçylaryň we kommunistleriň çakylygy boýunça iňlislere hyzmat edýän 60 *müň* işçi kanalyň çägini taşlap gaýtdylar. Ýurtda iş taşlaýyşlar köpeldi. Daşary ýurt agalygyna garşy ýaragly göreş başlandy. Emma halk watançylygy hökümet tarapyndan goldaw tapmady. 14-nji noýabrda Kairde 1 *mln* adamyň gatnaşmagynda bolan närazylyk ýörişi monarhiýa düzgüniniň halkyň gözünden düşendigini aňladýardy. Hökümetiň kolonizatorlar bilen ylalaşykly syýasaty halkyň sabyr käsesini doldurdy.

**Monarhiýanyň agdarylmagy.** 1952-nji ýylyň 22-nji iýulyndan 23-ine geçilen gije «Azat ofiserler» guramasynyň guran döwlet agdarylyşygynyň netijesinde Müsürde monarhiýa agdarylyp, respublika jar edildi. Korol Faruk häkimiýetden çetleşdirilip, häkimiýete *Jemal Abdel Naser* (1918–1970) geldi.



***Jemal Abdel Naser** (1918–1970). Müsüriň syýasy we döwlet işgäri. Käri boýunça harby adam. 1949-njy ýyldan başlap, «Azat ofiserler» guramasynyň ýolbaşçysy. Onuň ýolbaşçylygynda 1952-nji ýylda döwlet agdarylyşygy geçirilýär. Naser Müsür Respublikasynyň ilkinji ýolbaşçysydyr. Onuň ýolbaşçylygynda 1958-nji ýylda Siriýa bilen Müsür birleşip, Birleşen Arap Respublikasy döredildi. 1961-nji ýylda Siriýa bu birleşmeden çykdy. 1967-nji ýyldaky arap–ysraýyl urşunda Müsüriň ýeňilmegi Naseriň abraýyny öňküsinden peseltdi. «Müsüriň halas edilmegi: bir rewolýusiýanyň pelsepesi» atly kitabyň awtorydyr. Ol arap liderleriniň Iordaniýany we Palestinany halas ediş frontuny ylalaşdyrmaga bagyşlanan maslahatyndan soň 1970-nji ýylyň 28-nji sentýabrynda aradan çykýar. Onuň: «Men garaşan zadymy tapmadym» diýen soňky sözleri syr bolmagynda galdy.*

Naseriň döwründe Müsürde sosial-ykdysady özgerdişler geçirildi. Banklar we iri senagat kärhanalary millileşdirildi. Kuwwatly döwlet pudagy döredildi. 1952-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda agrar özgertme hakynda kanun kabul edildi. Ýer eýeçiliginiň aňrybaş möçberi 200 *feddan* (1 feddan 0,42 gektara deň) kesgitlenip, artykmaç ýerler döwlet tarapyndan satyn alnyp, daýhanlaryň arasynda paýlanyldy. 1961-nji ýylda geçirilen ikinji agrar özgertmede iri ýer eýeçiligi 100 feddana çenli çäklendirildi. Türk agalygy döwründen galan «beý», «paşa» titullary ýatyryldy.

1956-njy ýylyň 23-nji iýunynda Müsüriň Konstitusiýasy kabul edilip, onuň prezidentligine Jemal Abdel Naser saýlanyldy. Syýasy partiýalar ýatyrylyp, olaryň emlägi elinden alyndy. Syýasy guramalar täze düzgüniň daýanjy bolan *Azatlyk guramasyna* birikdiler. Naseriň garşydaşy general Nagib Wafd «*Musulman doganlar*» partiýasyna daýanyp, ony häkimiýetden çetletmek isledi. Ol şowsuz tamamlandy. 1954-nji ýylda «Musulman doganlar» partiýasy dargadyldy.

Naseriň daşary syýasatdaky ilkinji ädimi 1953-nji ýylyň 12-nji fewralynda Kairde Angliýa bilen Sudana öz-özüni kesgitlemek hukugyny bermek baradaky müsür-iňlis şertnamasyny baglaşmagy bolupdy. 1954-nji ýylyň 19-njy oktýabrynda 20 aýyň dowamynda iňlis goşunlarynyň Müsürden çykarylmagy baradaky iňlis-müsür şertnamasy hem Naseriň uly diplomatik üstünligidi. 1956-njy ýylyň 13-nji iýunynda iň soňky iňlis esgeriniň ýurtdan çykarylmagy bilen Müsürde 74 ýyllyk iňlis agalygynyň soňuna çykyldy.

1953-nji ýylyň fewralynda «Azat ofiserler» tarapyndan Müsüre ABŞ-nyň «tehniki kömegi» baradaky ylalaşyk baglaşylanam bolsa, Müsüri «Sowuk urşuň» orbitasyna çekmek Günbatar ýurtlaryna başartmady. Müsür Bagdat paktyny «araplaryň bähbitlerine dönüklik» hökmünde häsiýetlendirdi. Müsür daşary syýasatda turuw-

başdan goşulmazlyk ýörelgelerine eýerdi. Naser *Goşulmazlyk hereketini* döretmegiň gözbaşynda duran liderleriň biridir. Ol Bandung maslahatynda (18-24.04.1955) oňyn bitaraplyk ýörelgesini jar etdi. ABŞ-nyň Döwlet sekretary J.Dalles Müsüriň bitaraplygyny ýazgaryp, oňa Ysraýyla garşy göreşmek üçin ýarag satmakdan boýun towlady. Naser kommunist däldi, ol SSSR-iň yzyna eýermegiň hem tarapdary däldi. Emma ýüze çykan hakyky ýagdaý ony kömek sorap, SSSR-e ýüz tutmaga mejbur etdi. Naser kömek sorap, SSSR-e ýüz tutdy. 1955-nji ýylyň sentýabrynda Müsüre SSSR-den, Çehoslowakiýadan, Polşadan ýarag satmak barada ylalaşyk gazanyldy. 1955-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Müsür bilen Saud Arabystanynyň arasynda hem goranmak barada ikitaraplaýyn şertnama gol çekildi.

**Sues kanalynyň millileşdirilmegi.** Syýasy meseleleri birýüzli edensoň, Naseriň hökümeti Müsüriň yzagalaklygyny ýok etmäge gönükdirilen düýpli ykdysady özgertmelere girişdi. Müsür oba hojalyk ýurdudy. Ol inçe süýümli gowaçanyň watanydy. Oba hojalygyny ýokary götermek üçin bolsa, suwarymly ekerançylyga, irrigasion desgalaryň gurluşygyna ünsi güýçlendirmelidi. Dünýäde iň çalt akýan derýalaryň biri bolan Nili «jylawlamak» üçin bentleri gurmalydy. Asuan bendini gurmak üçin 1,3 *mlrd* dollar töweregi pul gerekdi. Daşyndan kömek bolmasa, ol Müsüriň ýeke özüne eýgertjek däldi. Waşington ilkibada kömek bermäge hyýallananam bolsa, soňra ondan el çekdi. Daşyndan goldaw bolmansoň, Naser Müsüriň çäginde ýerleşen Sues kanalyny millileşdirmegi dogry hasaplady. Sues kanaly şol wagt dünýäniň deňiz gatnawlarynyň 1/6, Angliýanyň deňiz söwdasynyň 1/4, ABŞ-nyň nebit önümlerini daşamagynyň esli bölegini, Fransiýanyň söwdasynyň 8%-ini düzýärdi.



*Sues kanalynyň kosmosdan görnüşi*

Müsür hökümetiniň 1956-njy ýylyň 26-njy iýulynda Sues kanalyny millileşdirmegi Beýik Britaniýa we Fransiýa döwletlerine ýaramady. Çünki kanalyň kenaryny iňlis-fransuz goşunlary gorap, Suesden ägirt köp girdeji alýardylar. Beýik Britaniýa we Fransiýa kanaly elden

gidermezlik üçin, Müsüre garşy urşa taýýarlyk görüp başlady. Olara Ysraýyl hem goşuldy. 1956-njy ýylyň 30-njy oktýabrynda Ysraýyl Müsüre garşy urşa başlady. Onuň wezipesi Müsür goşunynyň ünsüni Sinaýa sowup, iňlislere we fransuzlara amatly ýagdaýy döretmekdi. Beýik Britaniýa, Fransiýa Müsüre we Ysraýyla harby hereketleri togtatmak, goşunlaryny kanalyň çäginden 16 km aňry çekmek, Port-Saidde we Ismailiýada iňlis-fransuz goşunlaryna möhüm nokatlary bermek barada talapnama berdi. Müsür ony inkär etdi. Netijede, Müsüre garşy «*Üçleriň çozuşy*» tutaşdy. SSSR we ABŞ «üçleriň çozuşyny» bes etmegi talap etdiler. SSSR-iň, ABŞ-nyň we BMG-niň talaby bilen 7-nji noýabrda uruş ýatyryldy.

Sues kanalyny millileşdirmegi, «üçleriň çozuşyny» yza serpikdirmegi Naseriň arap dünýäsindäki abraýyny has-da artdyrdy. Müsür arap dünýäsini birleşdirmegiň, jebisleşdirmegiň merkezine öwrüldi. 1958-nji ýylda Müsür we Siriýa birleşip, *Birleşen Arap Respublikasy* atly döwleti döretdiler (*seret: II bölüm, IX bap,* §3). Müsür dolandyryş ulgamy ikili birleşmä esas edilip alyndy. Paýtagt Kair, prezident edilip Naser bellendi. Siriýa bu bileleşikden 1961-nji ýylda çykdy. Müsür tä 1972-nji ýyla çenli döwletiň şol adyny saklady. 1972-nji ýyldan bolsa ýurt *Müsür Arap Respublikasy* diýlip atlandyrylyp başlandy.

**Müsür 50–70-nji ýyllarda.** 1957-nji ýylda senagaty ösdürmegiň bäşýyllyk maksatnamasy kabul edildi. Ol 165 sany senagat kärhanasyny gurmagy göz öňünde tutupdy. 1960-njy ýylda ýurdy ykdysady taýdan ösdürmegiň 10 ýyllyk maksatnamasy tassyklanyp, bu döwürde 230 sany senagat kärhanasyny gurmak bellenildi. Döwlet daşary söwdany öz eline aldy. «Misr» banky, Müsüriň döwlet banky millileşdirildi. Naser ykdysadyýetde millileşdirmek syýasatyny 60-njy ýyllarda hem dowam etdirdi. Gämi gatnawy, nah-mata, metallurgiýa, nebit kompaniýalary millileşdirildi. 1961–1964-nji ýyllarda ulag ulgamy tutuşlygyna, senagatdaky önümçilik serişdeleriniň 85%-i, bank-karz ulgamy döwletiň gözegçiligine geçdi. 42 sagatlyk iş hepdesi girizildi. 1962-nji ýylda Naseriň başlangyjy bilen döredilen *Arap sosialistik bileleşigi* ýurduň syýasy durmuşyny öz elinde jemledi. 1964-nji ýylda Müsürde geçiş döwri tamamlandy. Adatdan daşary ýagdaý barada kanunlar ýatyryldy, türmelerden syýasy tussaglar boşadyldy. Şol ýyl kabul edilen täze Konstitusiýa boýunça Müsür demokratik sosialistik döwlet diýlip yglan edildi.

1958-nji ýylyň ýanwarynda ykdysady we tehniki hyzmatdaşlyk barada sowet-müsür ylalaşygyna gol çekildi. Oňa laýyklykda, SSSR Müsüre 70 sany iri senagat kärhanasynyň gurluşygyna kömek bermäge borçlandy. SSSR-den alan senagat enjamlarynyň öwezine Müsür onuň bilen öz pagtasy we beýleki harytlary arkaly hasaplaşdy. Sowet Soýuzy oňa uzakmöhletleýin ýeňillikli karz hem berdi. 1961-nji ýylda SSSR Müsüre AES hem gurup berdi. SSSR-iň ýardam bermeginde kuwwatly Asuan bendi, Heluanda metallurgiýa toplumy, Nag-Hammadide alýuminiý zawody, Aleksandriýada gämi gurluşyk werfi we onlarça beýleki senagat kärhanalary guruldy.

Naser 1967-nji ýylyň arap-ysraýyl urşunda araplaryň ýeňilmegini öz boýnuna alyp, iş başyndan aýrylmakçy boldy. Emma ondan häkimiýetde galmagyny talap edýän halk çykyşlarynyň güýçlenmegi bilen, ol bu pikirinden el çekdi. Bu Naseriň diňe bir Müsüriň däl, eýsem, arap dünýäsiniň abraýly hem ykrar edilen öňbaşçysydygyny görkezdi.

Jemal Abdel Naser ýogalandan soňra, ýurduň döwlet baştutany bolan *Muhammet Anwar as-Sadat* (1918–1981) ilkibada Naseriň ugruna wepaly bolsa-da, soňra Müsüriň syýasatyny bütinleý başga ugra gönükdirdi.



***Muhammet Anwar as-Sadat** (1918–1981). Müsüriň syýasy we döwlet işgäri. 1938-nji ýylda Kairiň harby akademiýasyny tamamlaýar, marşal. 1950-nji ýyldan başlap «Azat ofiserler» guramasynyň agzasy. 1952-nji ýylyň 23-nji iýulyndaky döwlet agdarylyşygyndan soňra dürli döwlet wezipelerinde işleýär. 1964–1966, 1969–1970-nji ýyllarda Müsüriň wise-prezidenti. 1970-nji ýylda J.A.Naser ýogalandan soňra, Müsüriň prezidenti wezipesine saýlanýar. 1979-njy ýylyň 26-njy martynda Ysraýyl bilen parahatçylyk şertnamasyny baglaşýar. Munuň üçin Nobel baýragy bilen sylaglanýar. Naseriň SSSR bilen ýakynlaşmak we sosializm gurmak syýasatyndan ýüz öwrüp, Günbatara gönükdirilen syýasy ugry seçip alýar. A.Sadatyň hökümeti ykdysadyýetde hususy pudagy ösdürmek, bazar gatnaşyklaryna giň ýol açmak syýasatyny ýöretdi.*

Anwar as-Sadatyň başlangyjy bilen 1973-nji ýylyň tomsunda dördünji arap--ysraýyl urşy başlandy. Onuň maksady «6 günlük» uruşda elden giderilen arap ýerlerini yzyna gaýtaryp almakdan ybaratdy. Müsüriň ýaragly güýçleri Sues kanalyndan geçip, Sinaý ýarymadasyna çozdy. Siriýa Golan belentlikleriniň sebitinde söweş hereketlerini ýaýbaňlandyrdy. Uruş netijesiz tamamlandy we harby ýol bilen meseläni çözüp bolmajakdygyny ýene bir gezek subut etdi. Maksadyna ýetmek başartmadyk hem bolsa, bu uruş arap dünýäsiniň jebisligini görkezdi. Bu gezek Ysraýylyň çeken ýitgisi has köp boldy – ol 900 tankyny, awiasiýasynyň üçden birini ýitirdi. ABŞ «howa köprüsi» arkaly Ysraýyl goşuny zerur zatlar bilen üpjün edildi. Uruş Müsüriň ykdysadyýetine hem agyr zarba urdy. Ýurduň girdejisiniň esasy çeşmesi – Sues kanaly işlemegini bes edipdi.

Hut şol oktýabr urşunyň gidýän günlerinde ykdysadyýetde täze ugra gönükdirilen özgertmeleriň maksatnamasy bolan «*Oktýabr resminamasy*» jar edildi. Onuň esasyny «*Intifah*» («*Açyk gapylar*») ýörelgesi düzýärdi. Ol ykdysadyýetde bazar gatnaşyklaryna geçmegi höweslendirmegi, daşary ýurt maýa goýumlaryna giň ýol arçamagy göz öňünde tutýardy. Esasan, nebit senagatyna amerikan maýasy çekilenem bolsa, «Intifah» müsür ykdysady gudratyny döredip bilmedi.

1973-nji ýyldaky arap-ysraýyl urşundaky şowsuzlykdan soň Anwar Sadat arap birligi meýillerinden el çekdi. Ol Sues kanalyny we Sinaýy diňe Ysraýyl bilen ylalaşyp yzyna almagyň aladasyny etdi. Sadat daşary syýasatda ABŞ-ny esasy hyzmatdaşyna öwürdi. 1973-nji ýylyň noýabrynda 1967-nji ýylda kesilen diplomatik

gatnaşyklar dikeldildi. 1975-nji ýylda Ysraýyl bilen ýaraşyk şertnamasyny baglaşmagy wada berip, Sadat Sinaýyň köp bölegini yzyna gaýdyp aldy. 1977-nji ýylyň noýabrynda Sadat Iýerusalime gelip, Ysraýyl bilen şertnama baglaşmaga razydygyny aýtdy. 1978-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda Kemp-Dewidde ABŞ-nyň prezidenti J.Karteriň araçyllygynda A.Sadat Ysraýylyň premýer-ministri Menahem Begin bilen ýaraşyk şertnamasynyň esasy şertlerini ylalaşdy. Onda Palestinanyň öz-özüni dolandyrmak hukugy hem göz öňünde tutulypdy. 1979-njy ýylyň 26-njy martynda bolsa Waşingtonda Ysraýyl bilen Müsüriň arasynda parahatçylyk baradaky şertnama gol çekildi. Kemp-Dewid ylalaşygyna laýyklykda, Sinaý ýarymadasy Müsüre gaýtarylyp berildi. Ysraýyl 1988-nji ýylyň aprelinde bu ýerden öz goşunlaryny doly çykardy. Müsür hem öz gezeginde Ysraýyla garşy uruş syýasatyndan el çekmek barada ylalaşdy.



*Kemp-Dewid ýaraşygy, A.Sadat, J.Karter, M.Begin*

Kemp-Dewid ylalaşygy we ýaraşyk şertnamasyndan soň Müsür Arap döwletleriniň Ligasyndan çykaryldy. Sudan we Omandan başga arap döwletleri Müsür bilen gatnaşyklaryny kesdiler. Arap döwletleri Müsüri ykdysady gabawa sezewar etdiler.

Sadat birbada SSSR bilen kadaly gatnaşyklary saklady. 1971-nji ýylyň 27-nji maýynda iki döwletiň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk hakda Şertnama baglaşyldy. Emma basym Sadat daşary syýasy ugruny Günbatara tarap üýtgetdi. 1972-nji ýylyň iýulynda sowet harby maslahatçylary ýurtdan çykarylandan soň, SSSR bilen ähli gatnaşyklar kesildi. 1976-njy ýylyň martynda Sadat birtaraplaýyn tertipde 1971-nji ýylyň sowet-müsür şertnamasyny ýatyrdy.

Ysraýyl bilen ýaraşyk şertnamasyna gol çekensoň, Müsürde Sadatyň düzgünine garşy oppozisiýadaky güýçler aýaga galdy. Sadat öz syýasy garşydaşlaryndan öç almaga girişdi. Bu onuň öz ömrüniň pajygaly tamamlanmagyna getirdi. A.Sadat 1981-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda harby parad mahaly yslam fundamentalistleri tarapyndan öldürildi.

1981–2011-nji ýyllarda Müsüriň prezidenti *Hosni Mübärek* boldy.



***Muhammad Hosni Said Mübärek*** *– Müsüriň syýasy we döwlet işgäri. 1928-nji ýylda doglan. Harby we harby-howa akademiýalaryny tamamlaýar. Gözükdiriji-uçarman bolup talyplara ders berýär. 1959–1960-njy ýyllarda SSSR-de okap, Frunzedäki (häzirki Bişkek şäheri) harby howa uçilişşesini tamamlaýar. «Il–28» we «Tu–16» bombalaýjy uçarlarynda türgenleşik geçýär. 1964–1965-nji ýyllarda SSSR-de Moskwadaky Frunze adyndaky harby akademiýada okaýar. 1969-njy ýylda Müsüriň harby howa güýçleriniň baş serkerdesi bellenýär. Arap–ysraýyl uruşlarynda özüni başarjaň serkerde, hakyky watançy hökmünde görkezýär. 1975-nji ýylda A.Sadat ony wise-prezidentlige belleýär.*

Hosni Mübärege arap dünýäsinde Müsüriň abraýyny dikeltmek başartdy. Täze lider özüne mahsus bolan gyssanmazlyk, ölçerip-dökmek, maksadaokgunlylyk, pragmatizm bilen syýasata başlady. Syýasy we durmuş-ykdysady kataklizmalaryň öňüni almak üçin, jemgyýetiň ähli ugurlarynda seresap we tapgyrlaýyn özgertmeleri amala aşyrdy. Mübärek Sadatyň ugruny dowam etdirdi, ýöne syýasatda we ykdysadyýetde ony birneme ýumşatdy. Ýurtdaky syýasy partiýalar we guramalar bilen dil tapmaga synanyşdy. «*Müsür müsürliler üçin*» diýen şygaryň astynda ykdysadyýeti kadalaşdyrmak syýasatyny alyp bardy. 90-njy ýyllarda döwlet pudagyny milliledirmek, bazar ykdysadyýetine işjeň geçmeklik dowam etdirildi. 1998-nji ýylda Müsüriň JIÖ-si 70 *mlrd* dollara ýetip, şonuň 70%-i hususy pudagyň paýyna düşýärdi. Müsür dünýä syýahatçylygynyň möhüm merkezine öwrüldi.

Halkara bileleşiginde hem Müsüriň abraýy artdy. 1987-nji ýyldan başlap, arap ýurtlary bilen gatnaşyklar gowulaşyp başlady. 80-nji ýyllaryň ortalarynda Müsüriň Yrak we Marokko bilen gatnaşyklary kadalaşdy. Müsür 1989-njy ýylda Arap döwletleriniň Ligasyna gaýtadan alyndy. SSSR bilen gatnaşyklar hem kadalaşdy. Ol tutuş Ýakyn Gündogar sebitini köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň ähli görnüşlerinden saplamak baradaky teklip bilen çykyş etdi. Mübäregiň hökümetinde daşary işler ministri bolup işlän *Butros Gali* 1992–1996-njy ýyllarda BMG-niň Baş sekretary boldy.

Hosni Mübärek 2005-nji ýylda Müsüriň prezidentligine bäşinji gezek gaýtadan saýlanyldy. 2011-nji ýylyň 11-nji fewralynda häkimiýete garşy güýçleriň 18 güne çeken gapma-garşy durmagy netijesinde Hosni Mübärek wezipesinden aýryldy. Onuň 30 ýyla çeken prezidentligi tamamlandy. Mübäregiň üstünden kazyýet işi gozgaldy. Ol 6 ýyl tussaglykdan soň, 2017-nji ýylyň 24-nji martynda azatlyga goýberildi.

2011-nji ýylyň fewralynda häkimiýet Ýokary harby geňeşiň eline geçdi. 2012--nji ýylyň maýynda, iýunynda iki tapgyrda prezident saýlawlary geçirildi. 30-njy iýunda Müsüriň baştutanlygyna *Muhammed Mursi* geldi. Ol «Musulman doganlar» tarapyndan esaslandyrylan Azatlyk we adalat partiýasynyň öňbaşçysydyr. Onuň yslam däplerine artykmaçlyk bermegi ýurtda nägilelikler döretdi. Halk «Musulman doganlaryň» ýurdy yslamlaşdyrmagyna gönükdirilen syýasatyna garşy çykyşlara başlady. Tas Müsürde raýatara urşy başlanypdy. Şeýle şertlerde 2013-nji ýylyň tom-

sunda harbylar ýurtda agdarylyşyk geçirip, häkimiýeti öz ellerine almaga mejbur boldular.

Harby ministr *Abdul Fattah as-Sisi* jogapkärçiligi öz üstüne alyp, Muhammet Mursini 2013-nji ýylyň 3-nji iýulynda häkimiýetden çetleşdirdi we tussag etdi. Muňa jogap edip, «Musulman doganlar» hereketiniň tarapdarlary köçä çykdylar. Emma harby ministr ýurtda gysga wagtda berk düzgün-tertibi girizmegi başarýar. Konstitusion kazyýetiň başlygy Adli Mansur prezidentiň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji bellenýär. Tizlikde «Musulman doganlar» hereketi gadagan edildi. Onuň tarapdarlary tussag edildi we 2014-nji ýylda olaryň işjeň ýolbaşçylarynyň müňe golaýyna kazyýetiň höküm bilen ölüm jezasy berildi. 2014-nji ýylyň 26–28-nji maýynda prezident saýlawlary geçirilýär. Onda Müsürde uly abraýa eýe bolan *Abdul Fattah as-Sisi* ýeňiş gazandy.



***Abdul Fattah Said Huseýn Halil as-Sisi** – Müsüriň syýasy we döwlet işgäri. 1954--nji ýylda doglan. 1977-nji ýylda Müsüriň Harby akademiýasyny tamamlaýar. Saud Arabystanynda harby attaşe bolup işledi. 2014-nji ýyldan başlap feldmarşal. 2012–2014-nji ýyllarda Goranmak ministri we Ýaragly güýçleriň Baş serkerdebaşysy. 2014-nji ýylyň 8-nji iýunyndan başlap Müsüriň 6-njy prezidenti. 2018-nji ýylyň martyndaky saýlawlarda ynamly ýeňiş gazanyp, nobatdaky möhlete prezident saýlanyldy.*

Müsür «Arap baharyna» çenli Sues kanalyndan, syýahatçylykdan we nebitden ägirt köp girdeji alýardy. Ol Afrikada ykdysady kuwwaty boýunça ilkinji üç döwletiň biridi. 2011–2014-nji ýyllardaky syýasy krizis syýahatçylyk pudagyny we Müsüriň ykdysady ösüşini wagtlaýynça pese gaçyrdy.

Abdul Fattah as-Sisiniň tagallasy bilen Müsürde asudalyk dikeldildi. Deslapky çözülmeli mesele hökmünde as-Sisi döwlet çykdajylaryny azaltmaklygy hem-de energetika meselelerini çözmekligi goýdy. Býujetiň dörtden birini tutýan ýangyç serişdeleri üçin subsidiýalar ýatyryldy. Bu çäre azyk harytlarynyň bahasynyň ýokarlanmagyna getirdi. As-Sisi müsürlileri ýangyjy we elektrik energiýasyny tygşytlamaga, köpräk welosipedleri ulanmaga, öz raýatlaryny zähmetsöýerlige, kiçigöwünlilige çagyrdy. Onuň özi zähmet hakynyň ýarpysyndan ýüz öwürdi.

As-Sisi täze paýtagtyň gurluşygyna girişmek ýaly iri taslamany öňe sürdi. Täze paýtagtyň gurluşygy 45 *mlrd* amerikan dollaryna deň bolar. Sues kanalynyň ikinji nobatdakysyny gurdurdy. As-Sisi 1 *mln* kwartiradan gowrak ýaşaýyş jaýlaryny gurmak barada sosial maksatnamany hem öňe sürdi.

♦ **Jemal Abdel Naser** halka iň ýakyn duran ýolbaşçylaryň biridir. Birnäçe gezek janyna kast edilendigine garamazdan, ol ýönekeý adamlara-da görüşmek üçin elýeterli bolupdyr. Başarjaň, dilewar Naser 1953–1970-nji ýyllarda 1359 gezek çykyş edip, Müsüriň ýolbaşçylary üçin rekord goýupdyr.

♦ 2009-njy ýylyň maglumatyna görä, dünýäniň deňiz gatnawlarynyň 10%-i Sues kanalynyň üstünden geçýär. Kanaldan her gün ortaça 48 gämi geçýär. Uzynlygy 160 km bolan kanaldan gämileriň geçmegi üçin 14 sagat zerurdyr. 2011-nji ýylyň maglumatlaryna görä, Müsür Sues kanalyndan ýylda 5,22 *mlrd* dollar girdeji aldy. Şol ýylda kanaldan 17799 sany gämi geçipdir. Çeşme: www.wikipediya.org.

♦ A.Sadatyň janyna kast edişlige gatnaşan Aýman al-Zawahiri soňra «Al-Kaida» terrorçylykly guramasyny esaslandyryjylaryň biri bolupdy. Ol Owganystanda talyplaryň düzgüni wagtynda olary işjeň goldady. 1996-njy ýylda Yslamabatda Müsüriň ilçihanasynda partlamany gurandygy üçin, Müsürde gaýybana ölüm jezasyna höküm edildi.

♦ 2015-nji ýylyň 6-njy awgustynda Müsürde taryhy Sues kanaly bilen ugurdaş ikinji kanal hem gurlup, ulanmaga berildi. Uzynlygy 72 *km* bolan bu kanal halkyň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirildi. Taslamanyň umumy bahasy 8,5 *mlrd* amerikan dollaryna deň boldy. Taslamanyň maksady gämileriň ikitaraplaýyn gatnawyny üpjün etmeklikdir. 2014-nji ýylda öňki Sues kanaly ýurda 3,5 *mlrd* dollar girdeji getirýän bolsa, täze kanalyň işe girizilmegi bilen bu girdeji 2023-nji ýylda 13,2 *mlrd* dollara ýeter.

## §2. Sudan



***Sudan Respublikasy*** *– Gündogar Afrikada ýerleşen döwlet. Demirgazykda Müsür, demirgazyk-günbatarda Liwiýa, günbatarda Çad, günorta-günbatarda Merkezi Afrika Respublikasy, günorta-günbatarda Günorta Sudan, günorta-gündogarda Eritreýa we Efiopiýa bilen serhetleşýär. Demirgazyk-gündogarda Gyzyl deňze ýanaşýar. Tutýan meýdany – 1 886 068 km (dünýäde 15-nji ýerde). 2015-nji ýylyň maglumatlaryna görä ilatynyň sany 40,2 mln adam (dünýäde 33-nji ýerde). Paýtagty – Hartum şäheri.*

1899-njy ýylda Sudanyň garaşsyzlygynyň soňuna çykylyp, ol Angliýa bilen Müsüriň *kondominiumyna* öwrülipdi. Sudanda iňlisler hojaýyndy. Onuň çig maly we baýlyklary iňlisleriň haýryna ulanylýardy. Müsürdäki 1919-njy ýylyň azat edijilik hereketinden soň 1936-njy ýyla çenli Angliýa Müsüri Sudany bile dolandyrmakdan çetletdi. Ýurduň günortasy we garaýagyz ilatly beýleki sebitleri arap ilatly ýerlerden ýapyk diýlip yglan edildi. Ol ýerlerde ilaty zor bilen hristianlaşdyrmak işleri geçirildi. 1925-nji ýylda gurlan Sennar bendi Sudanyň suw meselesini öz bähbidine däl-de, Müsüriň bähbidine çözüpdi. Çünki Niliň 92% suwuny Müsür ulanýardy. Sudan hem, Müsür ýaly, iňlis pagta senagaty üçin çig mal çeşmesidi. Gyzyl deňziň kenaryndaky çuň suwly Port-Sudan ýurduň içeri we daşary söwdasyny öz gözegçiliginde saklamak üçin, Angliýa ýardam berýärdi.

1953-nji ýylyň 12-nji fewralynda Sudanda kondominium düzgüni barada iňlis-müsür şertnamasy ýatyryldy. Şondan 3 ýyl geçensoň Sudana garaşsyzlyk berildi. 1955-nji ýylyň dekabrynda ýurtdan daşary ýurt goşunlary çykaryldy. 1953-nji ýylda SSSR Sudanyň pagtasynyň köp bölegini satyn alyp başlady.

1958-nji ýylyň 17-nji noýabrynda Sudanda harby agdarylyşyk guraldy. Harby diktatura ýyllarynda çalt-çaltdan hökümetler çalyşdy. 1959-njy ýylyň martynda sowet-sudan söwda şertnamasy baglaşyldy. 1961-nji ýylda SSSR Sudana birnäçe kärhanalary, elewatorlary, ylmy-barlag edaralaryny gurmaga ýardam berdi.

1969-njy ýylyň 25-nji maýynda goşundaky «Azat serkerdeler» guramasy harby diktaturany agdardy. 1970–1980-nji ýyllarda ýurt *Sudan Demokratik Respublikasy* diýlip atlandyryldy. Häkimiýet polkownik *Jafar Nimeýriniň* eline geçdi. Nimeýri SSSR bilen gowy gatnaşyklary saklady. 1971-nji ýylyň 19-njy iýulynda maýor *Haşim al-Attanyň* şowsuz harby agdarylyşygy ýurtda diýdimzor düzgüniň has-da berkidilmegine getirdi. Aýratyn hem, Günortanyň ilaty dowam edýän düzgüne garşy aýgytly göreş alyp bardy. Günorta Sudanyň ilatynyň 40%-i musulmanlardy, olaryň galany arap dünýäsine däl-de, günortadaky afrikan goňşulary bilen ýakynlaşmaga ymtylýardy. Şol sebäpli Sudanda uzak ýyllaryň dowamynda dinara we milletara esasynda iki gezek raýatara urşy boldy. 1985-nji ýylyň aprelinde Nimeýriniň diýdimzor düzgüni agdaryldy. Ikinji raýatara urşunyň netijesinde (1983–2005) 2001-nji ýylyň maglumatyna görä, 2 *mln* adam ýogaldy, 4 *mln* adam bosgun boldy. Bosgunlaryň aglabasy goňşy Çada gaçdy. Raýat ilatynyň ýogalmagy boýunça Sudandaky uruş Ikinji Jahan urşundan soňky harby çaknyşyklarda iň köp adam pidalaryna getiren uruşdyr. Dünýäniň köp döwletleri uruşýan taraplary ýaraglar bilen üpjün etdiler. Iki tarap hem öz çagalaryny söweşlerde esger hökmünde ulandylar. Ýurduň daşarky bergisi 7 *mlrd* ABŞ dollaryna ýetdi. 1989-njy ýylyň 30-njy iýunyndaky *Omar al-Başiriň* baştutanlygynda harby agdarylyşygyň netijesinde harbylar häkimiýete geldi. Milli we dinara oňşuksyzlyklar zerarly 2000-nji ýylda Darfura Afrikan Bileleşiginiň talaby boýunça nigeriýaly we ruandaly parahatçylygy üpjün ediji güýçler girizildi. BMG-niň Howpsuzlyk geňeşi hem Darfura 20 *müň* adamlyk parahatçylygy üpjün ediji güýçlerini ýollady. 2011-nji ýylyň 9-njy iýulynda Sudan ikä bölünip, Günorta Sudan özbaşdak döwlet boldy. Ol BMG-niň 193-nji agzasy boldy.

Sudan yzagalak oba hojalyk ýurdy. Onuň esasy girdejisi oba hojalygyndan girýär. Bu pudakda ilatyň 80%-i zähmet çekip, ol JIÖ-niň üçden birini berýär. Emma suw ýetmezçiligi ýiti duýulýar. Soňky döwürde nebit öndürilişi hem artýar. 1999-njy ýyldan başlap, Sudan öz nebitini eksport edip başlady. Senagaty gowşak ösendir. Ilatynyň 80%-i sowatsyzdyr.

♦ 1989-njy ýylda BMG-niň **«Sudan üçin ýaşaýyş köprüsi»** maksatnamasynyň («Operation Lifeline Sudan») çäginde taraplara 100 müň tonna azyk ynsanperwer kömegi hökmünde berildi.

# § 3. Liwiýa



***Liwiýa döwleti*** *– Demirgazyk Afrikada ýerleşen döwlet. Gündogarda Müsür, günorta-gündogarda Sudan, günortada Çad we Niger, günbatarda Alžir, demirgazyk-günbatarda Tunis bilen serhetleşýär. Tutýan meýdany – 1,76 mln inedördül km (dünýäde 16-njy ýerde). 2014-nji ýylyň maglumatlaryna görä ilatynyň sany 6 mln adam. Paýtagty – Tripoli şäheri. Ýurt 1969–2011-nji ýyllarda, ýagny Muammar Kaddafiniň dolandyran 42 ýylynyň dowamynda Beýik sosialistik halk Liwiýa Arap Respublikasy diýlip atlandyryldy.*







XX asyryň başyna çenli Liwiýa *Tripoli welaýaty* we *Kirenaik sanjagy* hökmünde Osman imperiýasynyň düzümine girýärdi. 1912-nji ýyldan başlap, Liwiýa Italiýanyň koloniýasy boldy. 1940-njy ýylda Italiýadan 110 *müň* adam Liwiýa göçürilip, olaryň dörtden biri bu ýerde oba hojalygy bilen meşgullanypdyr. Bu ýerli ilatyň öz ekerançylyk ýerlerini taşlap, başga ýerlere mejbury göçmegine getiripdir. Italýanlar Liwiýanyň öri meýdanlaryny hem öz ellerinde jemläpdirler (*seret: I bölüm, IV bap, §10*). Ikinji Jahan urşy döwründe Liwiýanyň çäkleri uruş hereketleriniň alnyp barylýan ýerine öwrüldi. 1943-nji ýylyň 7-nji fewralynda Liwiýa italýan we nemes goşunlaryndan azat edildi.

Ikinji Jahan urşundan soň Liwiýadan italýan kolonizatorlary gitmeli bolupdylar. Uruşdan soň ABŞ paýtagt Tripoliniň golaýynda möhüm harby-howa bazasyny gurdy. Iňlisler Tripolitaniýada we Kirenaikde, fransuzlar Fessanda ornaşdylar. Kirenaikde häkimiýete *Idris as-Senusi* geldi. Ol Angliýanyň täsirindedi. Fransiýa hem Fessanda täsirini artdyrmaga synandy. ABŞ, SSSR, Fransiýa Beýik Britaniýa Liwiýanyň geljekki ykbalyny kesgitlemek ugrunda gepleşikler geçirdiler. 1947-nji ýylyň ýaraşyk şertnamasyna görä, Italiýa Liwiýa bolan ähli hukuklaryndan el çekdi. 1949-njy ýylyň 21-nji noýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy Liwiýa özbaşdaklyk bermek, onuň çäginden daşary ýurt goşunlaryny çykarmak, 1952-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan gijä goýman daşary ýurt harby bazalaryny ýok etmek barada ka-

rar kabul etdi. 1951-nji ýylyň 24-nji dekabrynda Liwiýanyň garaşsyzlygy jar edildi. Ýurt Tripoli, Kirenaik, Fessan welaýatlaryndan ybarat federatiw korollyga öwrüldi. Liwiýada konstitusion monarhiýa düzgüni 1969-njy ýyla çenli dowam etdi.

50-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda Liwiýada nebitiň we tebigy gazyň baý gorlarynyň üsti açyldy. 1961–1969-njy ýyllarda nebitiň ýyllyk gazylyp alnyşy 0,6 *mln* tonnadan 180 *mln* tonna çenli artdy. Netijede, Liwiýa bu görkeziji boýunça dünýäde 5-nji orna geçdi. Nebit gözlemäge we gazyp almaga daşary ýurt, esasan, amerikan kompaniýalary gatnaşýardy.

1969-njy ýylyň 1-nji sentýabrynda 27 ýaşly kapitan *Muammar Kaddafiniň* baştutanlygyndaky ýaş serkerdeler Muhammet Idris I as-Senusini tagtdan agdaryp, *Liwiýa Arap Respublikasynyň* döredilýändigini jar etdiler.



***Muammar Kaddafi*** *(1942–2011). Liwiýanyň döwlet we syýasy işgäri. 1961-nji ýylda ýurtda kolonial düzgüni agdarmak üçin gizlin harby guramany döredýär. 1969-njy ýylda geçirilen harby öwrülişigiň netijesinde häkimiýete gelýär. M.Kaddafi iň ýaş döwlet başyna geçen adamdyr. Jemal Abdel Naser bilen dostlukly gatnaşyklary saklapdyr. M.Kaddafi «Ýaşyl kitabynda» ýurduň garaşsyz ösüş ýoluny beýan etdi. «Üçünji dünýä taglymaty» adyny alan nazaryýetinde arap sosializmi pikirini öňe sürdi. 2011-nji ýyldaky raýatara urşy wagtynda häkimiýetden çetleşdirildi we öldürildi.*

Kaddafi ýurtda «*Yslam sosializmini*» gurjakdygyny aýtdy. Ol 1973-nji ýylda öňe süren «*Üçünji dünýä taglymaty*» atly nazaryýetinde arap sosializmi pikirini öňe sürýär. Soňra ony 1976–1979-njy ýyllarda ýazan «*Ýaşyl kitap*» atly işinde düýpli esaslandyrdy. Kaddafi kapitalizmde adam adamy ezýär, kommunizmde adam döwlete boýun egmeli bolýar diýip, olaryň ikisini-de inkär edip, täze ýoly öňe sürýär. Ol täze ýolunda millilik we din arkaly dolandyrmagy öňe sürýär. Kaddafi sosial adalatlylygyň yslamda, onuň mukaddes kitaby Gurhanda jemlenendigini nygtapdyr. Kitapda halkyň hiç hili partiýalaryň, guramalaryň, parlamentiň üsti bilen däl-de, gönüden-göni özüniň döwleti dolandyrmaga gatnaşmagy ündelýär. Liwiýada halk häkimliginiň göni usuly hökmünde *Jamahariýa* (halk köpçüliginiň döwleti) saýlanyp alyndy. Esasy kanunçylyk şerigat bolup, parlament, syýasy partiýalar, hökümet inkär edilýär. 1977-nji ýylda ýurt *Liwiýa Sosialistik Arap Jamahariýasy* diýlip yglan edildi. 80-nji ýyllaryň dowamynda M. Kaddafi öz öňe süren taglymatyny ýurtda ornaşdyrmaga synanyşyk etdi. Ýurduň ady resmi *Liwiýa Arap Halk Sosialistik Jamahariýasy* diýip üýtgedildi. Gurhan ýurduň konstitusiýasynyň ornuny tutup başlady.

Daşary ýurt hususyýetçileriniň eýeçilikleri millileşdirilip, döwletiň hasabyna geçirilip başlandy. Ýurduň nebit senagaty, banklary hem millileşdirildi. Gozgalmaýan emläge hususy eýeçilik çäklendirildi. Mugt bilim we saglygy goraýyş ulgamy girizildi.

Kaddafiniň dolandyran döwründe diktatorçylyk düzgüni höküm sürýärdi. Emma nebit satmagyň hasabyna ýurt baýapdy. Baý nebit-gaz gorlary ýurduň ösüşini üpjün edýär. Nebit gorlary boýunça Liwiýa Afrikada 1-nji ýerde durýar. Liwiýanyň ykdysadyýetinde esasy orun nebit we nebiti gaýtadan işleýän senagatyň paýyna düşýär. Nebit we gaz geçirijileriniň uzynlygy müňlerçe kilometre ýetýär. 2004-nji ýylda Liwiýadan Sisiliýa adasyna (Italiýa) çenli uzynlygy 600 *km* bolan suwasty gaz geçirijisi ulanmaga berildi. XXI asyryň başyndan bäri Liwiýanyň ykdysadyýetinde aram özgertmeler geçirilýär. Döwlet esasy pudaklara öz gözegçiligini saklap galdyrýar. Hususy pudagy ösdürmäge üns güýçlendirildi. Bölek we lomaý söwda hususylaşdyryldy.

1988-nji ýylyň 12-nji iýunynda jamahariýa zamanynda adam hukuklary baradaky Beýik Ýaşyl hartiýanyň kabul edilmegi esasynda syýasy tussaglaryň azatlyga çykarylyp, olar üçin türmeleriň ýok edilmegi Kaddafiniň abraýyny has-da artdyrdy. M. Kaddafi XXI asyryň başlarynda-da öz taglymaty esasynda ýurdy dolandyrdy.

Kaddafi daşary ýurtlar bilen deňhukuksyz şertnamalara gaýtadan seretdi. Ýurtda ABŞ-nyň we Angliýanyň harby bazalaryny ýok etdi. 1970-nji ýylyň martynda iňlis, iýunynda amerikan goşunlary Liwiýadan çykaryldy. Kaddafi daşary syýasatda «goşulmazlyk we oňyn bitaraplyk» ýörelgesini yglan etdi. Ol, esasan, sosialistik ýurtlar bilen işjeň hyzmatdaşlyga ähmiýet berdi. Daşary syýasatda arap döwletleriniň ýakynlaşmagyny, arap bitewüligini ündedi. Kaddafi öz taglymaty esasynda 70-nji ýyllarda Müsür we Tunis bilen ýurdy birleşdirmäge şowsuz synanyşyk etdi.

Kaddafiniň başlangyjy boýunça 1977-nji ýylyň 2–5-nji dekabrynda Tripolide Liwiýanyň, Alžiriň, Siriýanyň, Ýemen Halk Demokratik Respublikasynyň, PHEF-iň ýolbaşçylarynyň maslahaty boldy. Onda Ysraýyla garşy bilelikde göreşmek karar edildi. 1982-nji ýylda ABŞ Liwiýanyň nebitini satyn almaga çäklendirmeleri girizdi. 1986-njy ýylyň 15-nji aprelinde ABŞ Liwiýanyň käbir desgalaryny howa hüjümine sezewar etdi. 1988-nji ýylda şotland obasy Lokerbide «Pan. Amerikan» kompaniýasynyň uçarynyň partladylmagyna dahyllydygynda aýyplanyp, 1992-nji ýylyň martynda BMG-niň Howpsuzlyk geňeşi, dünýäniň köp döwletleri Liwiýanyň garşysyna çäklendirmeleri girizdi. 90-njy ýyllaryň dowamynda Liwiýada daşary ýurtlaryň diplomatik wekilhanalarynyň sany azaldyldy, onuň bilen harby-tehniki hyzmatdaşlyk we howa gatnawlary kemeldildi, liwiýa awuarlary doňduryldy, ýurda nebit senagaty üçin enjamlary eksport etmek gadagan edildi. Liwiýa 2003-nji ýylda bu pajygaly wakada özüniň eliniň bardygyny resmi taýdan boýun alansoň we ejir çekenleriň maşgalalaryna öwez tölegini tölänsoň, BMG-niň bu ýurda garşy çäklendirmeleri ýatyryldy.

Kaddafi ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk baradaky halkara ylalaşygyna goşulsa-da, gizlinlik bilen atom ýaragyny edinmek ugrunda hereket edipdi.

Liwiýada nebit senagatyndan soňra gaýtadan işleýän senagata möhüm orun degişli. Misuratda ýyllyk kuwwaty 5,5 *mln* tonna bolan metallurgiýa kombinaty bar. Ýurtda ýerleriň bary-ýogy 2%-i oba hojalygynda peýdalanylsa-da, ol ýokary tehnologiki önümçilige daýanýar.

Liwiýanyň 95% çägi – çöllük. Geçen asyryň 50-nji ýyllarynyň ortasynda ýurduň günortasynda Sahara çöllüginde süýji suwuň gorlary ýüze çykaryldy. Ýurduň günortasyndaky bu suw gorlaryny ýurduň demirgazygyna eltmek maksady bilen Kaddafi 80-nji ýyllarda *Beýik derýa taslamasyny* yglan etdi. Guýulary gazmagyň, turbalary çekmegiň, degişli infrastrukturany döretmegiň hasabyna günde 6,5 *mln* kub metr süýji suw çykarylyp başlandy. Taslamanyň umumy bahasy 5 *mlrd* dollara deň bolan ilkinji tapgyry 1984-nji ýylda tamamlandy. Ol günorta koreý kompaniýalarynyň gatnaşmagynda alnyp baryldy. Bengazä we Siirte 2 *müň* kilometrlik suw geçirijisi çekildi. Kaddafi özüniň az ilatly ýurduna köp ilatly Müsüriň daýhanlaryny işlemäge çagyrdy.

Liwiýa soňky 30 ýylyň dowamynda gazanan ykdysady ösüşi netijesinde halkyň gowy ýaşaýşyny üpjün etmegini gazandy. Muňa garamazdan, «Arap bahary» mahalynda Liwiýada Kaddafiniň düzgünine garşy halk tolgunyşyklary güýçlendi. 2011-nji ýylda Tunisdäki wakalaryň täsiri bilen Liwiýada halk tolgunmalary başlanýar. Halk çykyşlarynyň merkezi Bengazi şäheri bolýar. 2011-nji ýylyň baharynda halk Kaddafiniň häkimiýete gelmezinden öňki döwlet baýdagyny göterip, köçelere çykýar. Hökümet gozgalaňy basyp ýatyrjak bolanda, ganly çaknyşmalar başlanýar. Gozgalaňçylar Kaddafiniň häkimiýetden aýrylmagyny talap edýärler. Kaddafi harby güýç ulanýar. Ol gozgalaňçylary oka tutup, gozgalaňy basyp ýatyrjak bolýar. Bu ýagdaý BMG-niň Howpsuzlyk geňeşiniň karary bilen NATO-nyň goşun salmagyna getirýär. Liwiýanyň içki dawalary halkara derejesindäki meselä öwrülýär. Gozgalaňçylar öz hökümetlerini döredýärler. Bu hökümete beýleki ýurtlar harby kömek berýärler. 2011-nji ýylyň awgustynda NATO-nyň we Pars aýlagynyň käbir ýurtlarynyň harby güýçleriniň kömegi bilen gozgalaňçylar ýurduň paýtagty Tripolini basyp alýarlar.

2011-nji ýylyň 23-nji awgustynda Kaddafiniň düzgüni agdaryldy. Emma Kaddafi öz taýpadaşlarynyň arasyna gaçyp baryp, olaryň goldamagy bilen garşylygy dowam etdirýär. 20-nji oktýabrda Sirt şäheri ugrundaky göreşleriň gidýän döwründe Kaddafi öldürildi. Bu wakalar rewolýusiýa diýlip atlandyryldy. Emma Kaddafiniň diktatorçylyk düzgüni agdarylandan soň, ýurduň üç böleginiň arasynda dawalar başlanýar. Bu bolsa Liwiýanyň böleklere bölünmek howpuny döredýär.

2012-nji ýylda ýurduň prezidenti *Muhammet al-Makrif* boldy. 2014-nji ýylda täze Konstitusiýa kabul edildi.

Liwiýada demokratik özgertmeleriň geçirilendigine garamazdan, 2018-nji ýylyň ortasyna çenli bu uruşlaryň soňuna çykmak başartmady. Netijede, ýurtda nebit öndürmek has pese gaçdy. Ýurduň ykdysady ýagdaýy ýaramazlaşdy. Halkyň maddy durmuş ýagdaýy pese gaçdy.

**Resminamalar we goşmaça maglumatlar:**

**W.M.Molotowyň ýatlamalaryndan.**

Soňky ýyllarda Staliniň köpbilmişligi ýüze çykypdy. Milýukowyň öz döwründe Dardanell bogazyny talap edişi ýaly, men hem daşary syýasatda köp zatlary talap etmäge borçludym. Stalin: «Bilelikde dolandyrmak üçin talap et» diýip gyssaýardy. Men oňa: «Bermezler» diýsem – «Sen talap et» diýýärdi. Uruşdan soň bize Liwiýa gerek boldy. Stalin: «Hany, gyssa!» diýýärdi. Emma ony delillendirmek kyndy. Daşary işler ministrliginiň maslahatynyň birinde men Liwiýada milli azat edijilik hereketiniň dörändigini aýtdym. Onuň birneme gowşandygyny, ony goldamak isleýändigimizi, şol ýerde özümiziň harby bazamyzy gurmakçydygymyzy beýan etdim.

**Çeşme:** *Данилов А.Л., Косулина Л.Г.*
История России, XX век.– М., 1997, С. 247.

## §4. Alžir



***Alžir*** *– Demirgazyk Afrikada ýerleşen döwlet. Döwletiň ady arap dilindäki al-Jezaýyr (ada) diýen sözden gelip çykandyr. Ol paýtagtyň golaýyndaky adalar bilen baglydyr. 80%-ni Sahara çöli tutýar. Gündogarda Tunis we Liwiýa, günortada Mali we Niger, günbatarda Mawritaniýa, Günbatar Sahara we Marokko bilen serhetleşýär. Tutýan meýdany – 2381,74 müň inedördül km (dünýäde 10-njy ýerde). 2014-nji ýylyň ilat ýazuwy boýunça ilatynyň sany 38,08 mln adam (dünýäde 34-nji ýerde). Paýtagty – Alžir şäheri.*







Ikinji Jahan urşundan soň Magrib ýurtlarynda milli azat edijilik hereketi başlandy. Fransiýa Tunise, Marokka özbaşdaklyk berse-de, Alžiri her edip, hesip edip elde saklajak boldy. Alžirde 1954–1962-nji ýyllarda fransuz agalygyna garşy ýaragly göreş alnyp baryldy. Fransuz goşun serkerdeleri 1958-nji ýylda gozgalaň turzup, Alžiri elde saklap biläýjek adam hökmünde *Şarl de'Golly* hökümet baştutany belle-

megi talap etdiler. Gozgalaň netijesinde Şarl de’Goll hökümet baştutany boldy. Ol häkimiýete gelenden soň, ilkinji nobatda, Alžiriň watançylaryna garşy urşy ýaýbaňlandyrdy. Güýç bilen Alžiri baknalykda saklap bilmejegine düşünip, 1959-njy ýylyň sentýabrynda oňa özbaşdaklyk bermegiň zerurdygy barada çykyş etdi. 1960-njy ýylyň dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy Alžiriň garaşsyzlyga hukugy barada rezolýusiýasyny kabul etdi. De’ Golluň ýokardaky kararyna garşy 1960–1961-nji ýyllarda Alžirde ýaşaýan 3 *mln*-a ýakyn fransuzlaryň gozgalaňy boldy. Gozgalaň basylyp ýatyryldy. 1962-nji ýylyň 18-nji martynda *Ewian ylalaşygy* (Fransiýa) boýunça Alžire özbaşdaklyk berildi.



*Ahmet ben Bella*

Garaşsyzlyk ugrundaky göreşde Alžir halky köp ýitgiler çekdi. Ýurduň 9 *mln* ilatynyň 1 *mln* çemesi özbaşdaklyk ugrunda wepat boldy, 2 *mln* töweregi adam tussag edildi, 9 *müň* töweregi oba berbat edildi we ýakyldy. 1962-nji ýylda Alžiriň özbaşdaklygy meselesi boýunça referendum geçirildi. Onda alžirlileriň 99%-i ýurduň özbaşdaklygyna ses berdiler. Şeýlelikde, 1962-nji ýylyň 3-nji iýulynda Alžir özbaşdak ýurt boldy. 1962-nji ýylyň 20-nji sentýabrynda kanun çykaryjy ýygnaga saýlawlar geçirilip, ol *Alžir Halk Demokratik Respublikasynyň* döredilýändigini jar etdi. Respublikanyň ilkinji baştutany *Ahmet ben Bella* boldy. 1963-nji ýylyň 8-nji sentýabrynda konstitusiýa güýje girdi.

Alžiriň ykdysadyýeti garaşsyzlyk ugrundaky uzaga çeken göreş döwründe tozupdy. Ilkinji nobatda, ykdysadyýeti dikeltmelidi. Alžiriň döwlet ýolbaşçylary ýurdy sosializme alyp barýan ösüş ýoly bilen ösdürjekdiklerini jar etdiler. Bu bolsa Alžiriň SSSR bilen ýakynlaşmagyna, tersine, Günbatar döwletleri bilen arasynyň ýaramazlaşmagyna alyp bardy. Ewian ylalaşygynda gadagan edilendigine garamazdan, Alžir ýurtdaky daşary ýurt hususyýetçilerine degişli bolan senagat kärhanalaryny millileşdirip başlady.

Ýurduň ykdysady çökgünlige düşmegi Ben Bellanyň garşysyna hereketleriň başlanmagyna getirdi. 1965-nji ýylyň 19-njy maýynda öňki harby ministr polkownik *Huari Bumedýeniň* baştutanlygynda döwlet agdarylyşygy boldy. Täze hökümet 1971-nji ýylda nebit-gaz senagatyny millileşdirdi. Netijede, daşary ýurt kompaniýalarynyň paýnamalarynyň 51–75%-i döwletiň eline geçdi. 70-nji ýyllarda nebitiň dünýä bazarlarynda bahasynyň ýokarlanmagy Alžiriň köp girdeji almagyna getiripdi.

1971-nji ýylda agrar özgertme hem geçirilip, iri ýer eýeçiligine çäklendirme girizildi. Halkara bileleşiginde Alžir toparlanyşyklara goşulmazlyk, oňyn bitaraplyk ugruna eýerdi. Aziýanyň, Afrikanyň, Latyn Amerikasynyň azat bolan halklary bilen gowy gatnaşyklary ýola goýdy.

1978-nji ýylyň dekabrynda Bumedýen aradan çykdy. Häkimiýet ugrundaky göreşde *Şadly ben Jedidiň* tarapdarlary ýeňdi we ol prezident boldy. 1965–1976-njy

ýyllarda ýurdy dolandyran Rewolýusion geňeş ýatyryldy. Ben Jedid 1979, 1985 we 1988-nji ýyllaryň prezident saýlawlarynda hem ýeňiş gazandy. 1989-njy ýylyň Konstitusiýasynda ýurtda sosializmiň gurulýandygy baradaky sözler aýryldy. Köp partiýaly ulgama geçildi.

80–90-njy ýyllarda Alžir ykdysady kynçylygy başdan geçirdi. Nebitden we gazdan gelýän girdejiler kemeldi. 1990–1992-nji ýyllarda ýurduň daşarky bergisi 27 *mlrd* dollara çenli artdy. Döwlet pudagynyň bir bölegini hususylaşdyrmagyň, dinary dewalwasiýa etmegiň daşarky bazaryň erkinligini üpjün etmegiň we bahalary erkine goýbermegiň öwezine Halkara pul gaznasy Alžire karz berdi. 1990-njy ýylyň iýunynda ýerli geňeşlere geçirilen saýlawlarda *Yslam halas ediş fronty* ýeňiş gazandy. Ben Jedid iş başyndan aýrylyp, Alžir rewolýusiýasynyň atasy, 30 ýyllap emigrasiýada bolan *Muhammet Budiaf* häkimiýete geldi. Emma ol 1992-nji ýylyň iýunynda terrorçylaryň elinden wepat boldy. 1993-nji ýylda häkimiýete general *Lamin Zerual* geldi. Ol 1995-nji ýylyň prezident saýlawlarynda ýeňiş gazanypdyr. Bu döwürde ýurduň içinde garşylyklar artdy. Ýurduň ýerli ilaty bolan berberleriň işjeňligi güýçlendi. Olar berber diliniň resmi taýdan ykrar edilmegini talap edýärler. Taraplaryň arasynda ýaragly çaknyşyklar ýygjamlaşdy. 1999-njy ýylyň prezident saýlawlarynda bolsa Bumedýeniň egindeşlerinden bolan, 1963–1978-nji ýyllarda daşary işler ministri bolan *Abdel Aziz Buteflika* ýeňiş gazandy.



***Abdel Aziz Buteflika*** *(1937-nji ýylda doglan) – Alžiriň döwlet we syýasy işgäri. Ahmed ben Bellanyň hökümetinde ýaşlaryň işi, sport we syýahatçylyk ministri boldy. Ol dünýäde iň ýaş (26 ýaşynda) daşary işler ministri bolan syýasatçydyr. 1983-nji ýylda syýasatdan çetleşip, 6 ýyllap daşary ýurtlarda (BAE, Fransiýa, Şweýsariýa) ýaşady. 1999-njy ýylda Alžiriň prezidentligine saýlandy.*

Ol araplar bilen berberleriň arasynda milli ylalaşyk syýasatyny öňe sürdi. Uruşýan taraplary ylalaşdyrmak üçin köp tagalla etdi. 1999-njy ýylda Alžirde Afrika birligi guramasynyň döwlet we hökümet baştutanlarynyň 35-nji maslahaty geçirildi. Ykdysadyýeti dikeltmegiň ilkinji bäşýyllyk meýilnamasyna 7 *mlrd* amerikan dollary harçlanyldy. Liberal özgertmeleriň netijesinde XXI asyryň başynda Alžirde 5% durnukly ykdysady ösüş gazanyldy. 2004-nji ýylyň prezident saýlawlarynda-da tejribeli syýasatçy Abdel Aziz Buteflika ýeňiş gazandy. 2009-njy ýylyň saýlawlarynda oňa 3-nji gezek ýeňiş ýaran boldy.

2010-njy ýylyň dekabrynda Alžirde ýaşlaryň iş bilen üpjünçiliginiň ýaramazlygy, ýaşaýyş jaý meselesiniň kynlygy zerarly Tunisdäkiden hem öň «*Arap bahary*» ady bilen taryha giren tolgunyşyklaryň başy başlandy. 2011-nji ýylyň ýanwarynda güýçlenen halk hereketleriniň netijesinde Buteflika 24-nji fewralda 1992-nji ýyldan bäri dowam edýän adatdan daşary ýagdaýy ýatyrdy. 2014-nji ýylyň aprelinde geçirilen saýlawlarda Buteflika 4-nji gezek ýurduň baştutanlygyna saýlandy.

Alžirdäki «*Salafitleriň wagyz we jihad toparlanyşygy*» atly terrorçylykly topar 2004-nji ýyldan bäri al-Kaida bilen birlikde terrorçylykly hereketleri alyp barýar.

Alžiriň ykdysadyýetiniň özenini nebit we gaz pudagy düzýär. Alžir tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde 8-nji, onuň eksporty boýunça 4-nji, nebit gory boýunça dünýäde 15-nji, onuň eksporty boýunça bolsa 11-nji ýerde durýar. Alžir Ortaýer deňziniň üsti bilen *Transmed* (Alžir–Tunis–Italiýa, 2,6 *müň km*) hem-de *Magrib-Ýewropa* (Alžir, Marokko, Ispaniýa, 1365 *km*) gaz geçirijilerini gurdy.

♦ **Ahmet ben Bella: «Kastro meniň doganym, Naser – mugallymym, Tito – meniň üçin nusga»** diýipdir. Ben Bella häkimiýetden çetleşdirilenden soň, 1980-nji ýyla çenli öý tussaglygynda boldy. Soňra ol Şweýsariýada (Lozanna) 10 ýyllap syýasy bosgun hökmünde ýaşaýar. 1990-njy ýylda oňa Watanyna dolanmaga rugsat berilýär. 2003-nji ýylda ben Bella Yraga çozmaklyga garşy Halkara hereketiniň prezidentligine saýlanýar.

## § 5. Tunis



***Tunis Respublikasy*** *– Demirgazyk Afrikada ýerleşen döwlet. Çäginiň üçden birini Sahara çöli tutýar. Günorta-gündogarda Liwiýa, günbatarda Alžir bilen serhetleşýär. Tutýan meýdany – 163,6 müň inedördül km (dünýäde 91-nji ýerde). 2014-nji ýylyň maglumatlaryna görä ilatynyň sany 10,9 mln çemesi adam (dünýäde 79-njy ýerde). Paýtagty – Tunis şäheri.*







Ikinji Jahan urşundan soňra Tunisde fransuz hojaýynlaryna garşy göreş başlandy. 1956-njy ýylyň 20-nji martynda Parižde Tunisiň doly garaşsyzlygyny ykrar etmek barada teswirnama gol çekildi. 1955-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky *Bordo şertnamasy* güýjüni ýitiren diýlip yglan edildi. Şeýlelikde, Tunisde 75 ýyllap dowam eden fransuz



Habib Burgiba



Zin al-Abiddin ben Aly

protektoraty bes edildi. Garaşsyzlygyny gazanandan soň, 1957-nji ýylyň 25-nji iýunynda Tunis respublika diýlip yglan edildi. Tunisiň ilkinji prezidentligine *Habib Burgiba* saýlandy. 1959-njy ýylyň 1-nji iýunynda Konstitusiýa güýje girdi. Tunis güýçli prezident respublikasy gurluşly döwletdir.

50–60-njy ýyllaryň sepgidinde Tunis Fransiýanyň goşunlaryny ýurtdan çykarmak ugrunda göreşdi. Fransiýanyň Bizert portundan harby gämilerini çykarmazlygy 1961-nji ýylyň iýulynda harby çaknyşyklara eltdi. Dawany BMG-niň araçyllygynda çözmek başartdy. 1963-nji ýylyň martynda Tunis bu möhüm portunyň üstünden özygtyýarlygyny dikeltdi. Oktýabrda bu ýerden 26 *müň* adamlyk fransuz kontingenti çykaryldy.

1964-nji ýylda Tunisde daşary ýurtlularyň ýer eýeçilikleri milleşdirildi. 60-njy ýyllarda Menzel-Burgibde we Bizertde metallurgiýa we nebiti gaýtadan işleýän zawodlar, Sahelde dokma fabrigi guruldy, täze himiýa we maşyn gurluşyk kärhanalary döredi. Sowet hünärmenleriniň ýardam bermeginde Işkel kölüniň etraby we Mejer derýasynyň jülgesi Tunisiň galla mekanyna öwrüldi.

1987-nji ýylda Tunisde «*Žasmin rewolýusiýasy*» bolup geçdi. 40 ýyllyk dolandyryşdan soň 84 ýaşly Habib Burgiba 1987-nji ýylyň 7-nji noýabrynda häkimligi mejbury ýagdaýda premýer-ministr *Zin al-Abiddin ben Ala* tabşyrmaly boldy. Iki asyryň sepgidinde ýurduň prezidentligine yzly-yzyna dört gezek *Zin al-Abiddin ben Aly* saýlandy. Ol 2005-nji ýylda bu wezipä dördünji gezek saýlandy.

Tunis agrar-senagat taýdan ösen döwletdir. Ýurduň ykdysadyýetiniň esasyny nebit we fosfat düzýär. Tunis Afrika ýurtlarynyň arasynda çalt ösýän döwletleriň biridir. Ýurduň ykdysady ösüş depgini 5%-e deňdir. Tunis zeýtuny we zeýtun ýagyny eksport etmekde dünýäde 4-nji ýerde durýar. Ýurtda 50 *mln-dan* gowrak zeýtun agajy bar. Tunis dünýäde zeýtun ýagynyň 10%-ini öndürýär.

Gadymy Karfageniň ýadygärlikleriniň ýerleşmegi Tunisi dünýä jahankeşdeleri üçin özüne çekiji ýurda öwürýär. Syýahatçylyk pudagynda 400 *müňden* gowrak adam zähmet çekýär.



Arap Magribiniň bileleşiginiň nyşany

Tunis daşary syýasatda sebitdäki milli azat edijilik hereketini goldady. 1973-nji ýyldaky uruşdan soň Tunis Ýakyn Gündogar meselesini düzgünleşdirmäge işjeň goşant goşýar. Şol ýylda Arap döwletleriniň Ligasynyň ştab-kwartirasy Müsürden Tunise geçirildi. 1982-nji ýylda Palestinany halas ediş frontunyň edarasy Beýrutdan çykarylansoň, Tunisde ornaşdy. Bu Tunisiň arap dünýäsindäki abraýyny artdyrdy. 1989-njy ýylda Tunisiň başlangyjy boýunça Marrakeşde *Arap Magribiniň*

*bileleşigi* (Tunis, Alžir, Marokko, Liwiýa, Mawritaniýa) döredildi. Tunis SSSR we HHR bilen hem kadaly gatnaşyklary saklady.

2011-nji ýyldaky «*Arap bahary*» adyny alan arap dünýäsindäki tolgunyşyklar Tunisde hökümetden närazy miwe satyjy *Mohammed Buaziziniň* özüni otlamagy hereketе başlamaga bahana bolýar. 2010-njy ýylyň 18-nji dekabrynda Tunisde dowam edýän düzgüne garşy tolgunyşyklar başlanýar. Tolgunyşygyň sebäbi ýaşlaryň arasynda işsizligiň has-da köpelmegi, awtoritar dolandyryş bilen baglydy. 2011-nji ýylyň 14-nji ýanwarynda ýurduň prezidenti Zin al-Abiddin ben Aly ýurdy terk edip, Saud Arabystanyna gitdi. Tunisde başlanan bu hereket Afrikanyň we Aziýanyň beýleki arap ýurtlaryna ýaýrady. Tunisdäki halk nägileligi «*Ikinji Žasmin rewolýusiýasy*» we «*Hurma rewolýusiýasy*» adyny aldy. 2012-nji ýylyň maýynda Tunisiň prezidentligine Respublika kongresi partiýasynyň öňbaşçysy *Munjef Marzukini* saýlandy. Onuň asyl käri lukman bolup, ol adam hukuklaryny goraýjy, ýazyjy hökmünde halkyň söýgüsini gazanypdy. 2014-nji ýylyň 31-nji dekabryndan başlap *Beji Kaid es-Sebsi* Tunisiň prezidentidir. 1926-njy ýylda doglan Beji Kaid es-Sebsi dünýäde iň ýaşuly döwlet baştutanydyr.

♦ Bütindünýä bankynyň maglumatlaryna görä, Arap baharynyň netijesinde sebitiň ýurtlarynyň çeken zyýany 55 *mlrd* dollara barabar boldy.

## § 6. Marokko

***Marokko korollygy*** *– Demirgazyk-günbatar Afrikada ýerleşen döwlet. Günbatarda Atlantik ummanyna, demirgazykda Ortaýer deňzine ýanaşýar. Gündogarda we Günorta-gündogarda Alžir bilen serhetleşýär. Tutýan meýdany – 446,500 müň inedördül km. 2016-njy ýylyň maglumatlaryna görä, ilatynyň sany 34 mln çemesi. Paýtagty – Rabat şäheri.*








Ikinji Jahan urşundan soňra hem Fransiýa Marokkoda protektorat düzgünini saklap galmaga synanyşdy. Soltan *Muhammet ben Ýusuf* 1948-nji ýylda Fransiýanyň prezidenti bilen duşuşygynda 1912-nji ýylyň Fes şertnamasynyň şertlerine gaýtadan seretmegi berk talap etdi. 1952-nji ýylyň dekabrynda Marokko meselesine BMG-niň Baş Assambleýasynyň 7-nji sessiýasynda seredildi. Fransiýanyň yzyna eýerijiler ýurtda öwrülişik gurap, soltan ben Ýusufy tagtyndan agdaryp, ilki Korsika, soňra Madagaskar adasyna sürgün etdiler. Tagty *Muhammet ben Araf* eýeledi. Bu halkyň arasynda nägilelik döretdi. Fransiýa Hindi-hytaýdan getirilen güýçleri bilen halk çykyşlaryny gana boýady. 1955-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda häkimiýeti basyp alan Araf ony yzyna tabşyrmaly boldy. Ýurda ben Ýusuf gaýdyp geldi. 1956-njy ýylyň 2-nji martynda Fransiýa Marokka garaşsyzlyk bermeli boldy. 7-nji aprelde Ispaniýa hem Marokkonyň garaşsyzlygyny ykrar etdi. 1957-nji ýylyň 2-nji martynda Parižde Marokkonyň garaşsyzlygy barada franko-marokkan beýannamasyna we teswirnamasyna gol çekildi.

1959-njy ýylyň dekabrynda Muhammet V Duaýt Eýzenhauer bilen 1963-nji ýylyň ahyryna çenli ýurtdan amerikan goşunlarynyň çykarylmagy barada ylalaşdy. Fransiýa 1961-nji ýylyň martynda, Ispaniýa awgustynda bu ýerden goşunlaryny çykarmaga söz berdiler. Marokko 1956-njy ýylyň noýabrynda BMG-ä, 1958-nji ýylyň oktýabrynda Arap döwletleriniň Ligasyna agza boldy. 1961-nji ýylda Belgradda Goşulmazlyk hereketiniň uçreditel maslahatyna gatnaşdy. 1962-nji ýylda Marokkoda sala salyşlyk geçirilip, ýurt konstitusion monarhiýa gurluşly döwlete öwrüldi.

1957–1961-nji ýyllarda ýurdy patyşa *Muhammet V* (*ben Ýusuf*), 1961–1999--njy ýyllarda *Hasan II* dolandyrdy. 1999-njy ýyldan ýurt baştutanlygyna Hasan II-niň ogly patyşa *Muhammet VI* geçýär.

Marokko oba hojalykly we dag-magdan senagatly döwletdir. Fosfatyň dünýä gorlarynyň 70%-i bu ýerde jemlenendir. Hökümet daşary ýurt maýasyny höweslendirmek, hususy telekeçiligi goldamak syýasatyny alyp barýar.

Korol Hasan II dürli gurluşly döwletler bilen dostlukly gatnaşyklary ýola goýmagy başardy. Ol, Fransiýa we ABŞ bilen gatnaşyklara aýratyn üns berdi. Sosialistik ýurtlar bilen hoşniýetli gatnaşyklar netijesinde Marokko 1970–1986--njy ýyllar aralygynda 2,3 *mlrd* dollar maliýe kömegini aldy. Marokko Afrikanyň çägindäki çaknyşyklarda ençeme gezek parahatçylyk döredijiniň roluny ýerine ýetirdi. Ol Arabystan ýarymadasynyň nebite baý döwletleri bilen ýakyn gatnaşyklary saklaýar. Öňki hojaýyny Fransiýa bilen gatnaşyklary barha ýygjamlaşýar. Çünki bu ýurtda 700 *müňden* gowrak marokkoly ýaşaýar. 1963-nji ýylyň ylalaşygyna görä, amerikan goşunlary ýurtdan çykarylan hem bolsa, Ben



*Muhammet VI*

Gerirdäki harby-howa bazasy amerikan şatllary üçin ätiýaçlyk gonuş zolagy bolup durýar. Marokkonyň 1975-nji ýylda öňki ispan kolonial mülki Günbatar Saharany eýelemegi bu ýerde gyzyklanmasy bolan döwletler bilen gatnaşyklaryny ýitileşdirdi. Marokko 1984-nji ýylda Afrika Bileleşiginden çykdy.

Muhammet VI 2005-nji ýylda ýurtda adam potensialyny artdyrmagyň, ilkinji nobatda bolsa, garyplyga garşy göreşmegiň maksatnamasyny yglan etdi. Onuň ilkinji bäş ýylynda (2006–2010) bu hajatlara 13 *mlrd* dirhem harçlanyldy. Ol 5 *mln* adamy gurşap aldy, 40 *müň* täze iş ýeri döredildi. Soňra bu maksatnama 2015-nji ýyla çenli uzaldyldy. Ýurtda raýatlaryň, ilkinji nobatda, aýallaryň hukuklary birneme giňeldildi. 2011-nji ýylda konstitusion özgertme geçirilip, parlamentiň we premýer-ministriň hukuklary artdyryldy.

♦ 1956-njy ýylda Marokko we Tunis garaşsyzlygyny gazananson̈, Marokkonyň koroly Muhammet V we Tunisiň premýer-ministri **«Beýik Arap Magribi»** atly sebitara birleşmesini döretmegi teklip etdiler.

## § 7. Mawritaniýa, Günbatar Sahara



***Mawritaniýa Yslam Respublikasy*** *– Günbatar Afrikada ýerleşen döwlet. Günbatarda Atlantik ummana ýanaşýar. Demirgazyk-günbatarda Günbatar Sahara, günorta-günbatarda Senegal, demirgazyk-gündogarda Alžir, günortada we gündogarda Mali bilen serhetleşýär. Tutýan meýdany – 1 030 700 inedördül km (dünýäde 28-nji ýerde). 2012-nji ýylyň maglumatlaryna görä, ilatynyň sany 3,4 mln çemesi. Paýtagty – Nuakşot şäheri*

XI asyrdan başlap, Mawritaniýanyň ilatynyň araplaşmak we yslam dinini kabul etmekligi başlanýar. Araplar ýerli berber we garaýagyz ilatyň üstünden öz agalygyny ýola goýýarlar. Olar arap dilini we maşgala däplerini kabul edip alýarlar. Orta asyrlarda Mawritaniýa *Almorawiler neberesiniň* golastynda bolýar. XIX asyryň ortalarynda Mawritaniýanyň günorta çäkleri fransuzlar tarapyndan özleşdirilýär. Fransiýa diňe 1920-nji ýylda Mawritaniýany doly öz koloniýasyna öwürmegi başarýar. 1946-njy ýylda Mawritaniýa Fransiýanyň deňizaňyrsy çägi diýlip yglan edilýär. 1958-nji ýylda bolsa ol Fransuz Bileleşiginiň awtonom respublikasy statusyny alýar. 1960-njy ýylyň 28-nji noýabrynda fransuz baknalygyndan halas bolup, Mawritaniýa Yslam Respublikasy döredilýär. 1960–1978-nji ýyllarda *Moktar uld Dadda* ýurduň ilkinji prezidenti bolýar.

1978-nji ýylyň 10-njy iýulynda polkownik *Mustafa uld Salehiň* baştutanlygynda harbylar Mawritaniýada döwlet agdarylyşygyny guradylar. 13 ýyllap häkimiýet harby komitetiň elinde boldy. 1980-nji ýylyň ortasynda ýurtda gulçulyk gadagan

edildi. Şol ýylyň ahyrynda *Ahmeda uld Bneýdžaryň* baştutanlygynda raýat hökümeti düzüldi. 1984-nji ýylyň ahyrynda Mawritaniýada nobatdaky harby agdarylyşyk guraldy. 1991-nji ýylda ýene-de raýat dolandyryşyna geçildi, köp partiýaly syýasy ulgam döredildi. 2008-nji ýylyň awgustynda general *Mohammed uld Abdel Aziz* döwlet agdarylyşygyny gurady. 2009-njy ýylyň saýlawlarynda ol ýurduň prezidenti wezipesini eýeledi.

Geçen asyryň ahyrynda ýurtda nebitiň we gazyň gorlarynyň tapylmagy bilen Mawritaniýa ösüp başlady. Emma ol dünýäniň ykdysady taýdan iň gowşak ösen ýurtlarynyň hataryndadyr. Ilatynyň 40%-i garyplyk derejesindedir. Işsizlik 30%-e çenli ýetýär.

Mawritaniýa Marokko bilen birlikde Günbatar Saharanyň çäklerine dawa etdi.




*Günbatar Saharadaky bosgunlar*

**Günbatar Sahara** – ozalky ispan Saharasy (taryhy ady *Wadi-Zahab* – «*Altyn derýajyk*» we *Segiýet-el-Hamra* – «*Gyzyl çeşme*»), Demirgazyk Afrikada dawaly çäk. Tutýan meýdany, takmynan, 266 800 inedördül *km*. Demirgazykda Marokko, demirgazyk-gündogarda Alžir, gündogarda we günortada Mawritaniýa bilen araçäkleşýär. Günbatarda Atlantik ummanyna ýanaşýar. Taryhy paýtagty – el-Aýun şäheri. Esasy ilaty araplar we araplaşan berberler bolup, 2015-nji ýylyň maglumatyna görä 586 *müň* adam.

Marokko garaşsyzlygyny gazanandan soň, ispan Saharasyna çäk dawasyny bildirip başlady. 1958-nji ýylda Ispan Saharasy ispan prowinsiýasy statusyny aldy. 1975-nji ýylyň 6-njy noýabrynda Marokko ýurduň ähli welaýatlarynda 350 *müň* sany ýaragsyz raýatynyň Günbatar Sahara tarap *Ýaşyl ýörişini* gurnady. 18-nji noýabrda Ispaniýa bu ýerden öz administrasiýasyny çykardy. Madrid ylalaşygyna görä, Marokko we Mawritaniýa Günbatar Saharany öz aralarynda paýlaşdylar. Onuň üçden ikisi Marokka, üçden biri bolsa Mawritaniýa degişli edildi. Mawritaniýa biraz soňrak bu ýerden öz goşunyny çykardy we Günbatar Sahara çäk dawasyndan el çekdi.

1976-njy ýylyň 27-nji fewralyndan bäri Alžiriň goldawynda *Polisario fronty* marokkan goşunlaryna garşy partizançylyk urşuny alyp barýar. Ol bu ýerde *Sahara Arap Demokratik Respublikasyny* (SADR) yglan etdi. Häzirki wagtda BMG-niň 60 sany agzasy SADR-iň garaşsyzlygyny ykrar etdiler.

# XI BAP. HYTAÝ XX ASYRYŇ II ÝARYMYNDA – XXI ASYRYŇ BAŞLARYNDA



***Hytaý Halk Respublikasy (HHR)*** *– 14 sany döwlet bilen araçäkleşýär: Owganystan, Butan, Mýanma (öňki Birma), Hindistan, Gazagystan, Gyrgyzystan, Laos, Mongoliýa, Nepal, KHDR, Pakistan, Russiýa, Täjigistan, Wýetnam. Ýurduň hytaý dilindäki «Çžungo» ady «Ortalyk döwlet» diýmegi aňladýar. Tutýan meýdany 9 596 960 inedördül km bolup, dünýäde Russiýadan we Kanadadan soň 3-nji ýerdedir. Ilaty barada aýdylanda, Hytaýda her 10 ýyldan ilat ýazuwy geçirilýär. Soňky ilat ýazuwy 2010-njy ýylyň 1-10-njy noýabrynda geçirildi. Onuň maglumatlary boýunça ilaty 1 mlrd 339 mln 724 müň adam bolup, dünýäde 1-nji ýerdedir. 2016-njy ýylyň doly anyklanmadyk maglumatlary boýunça Hytaýyň ilaty 1 mlrd 380 mln 83 müň adama ýetipdir. Paýtagty – Pekin şäheri.*







**50–60-njy ýyllarda Hytaýyň ykdysady we syýasy ýagdaýy.** 1949-njy ýyldan başlap, Hytaýda sosializm gurluşygy başlandy. Ilkinji nobatda, XX asyryň birinji ýarymyndaky uruşlarda weýran edilen hojalyk dikeldildi. Dikeldiş üçin üç ýyllyk maksatnama kabul edildi (1950–1952). Üçýyllyk döwründe täze syýasy we ykdysady ýörelgeleri işläp düzmek, ýerleri daýhanlara paýlap bermek, täze hökümetiň meýilnamalaryny halka düşündirmek ýaly meseleler çözüldi. Gomindanyň tarapdarlarynyň taşlap giden senagat kärhanalary döwlet eýeçiligine geçirildi. Ykdysadyýetde döwlet pudagy döredildi. Bu ýyllarda jemgyýet Gomindanyň tarapdarlarynyň galyndylaryndan arassalanyldy. Geçirilen çäreleriň netijesinde 1952-nji ýylyň ahyryna çenli ykdysadyýet dikeldildi. Syýasy durnuklylyk gazanyldy.

1952-nji ýylyň ahyrynda 1953–1957-nji ýyllara niýetlenen birinji bäşýyllyk maksatnama kabul edildi. Bäşýyllygyň dowamynda Hytaýda 595 sany iri senagat kärhanalary guruldy. Öň hiç wagt öndürilmedik uçarlary, awtoulaglary öndürýän täze senagat önümçilikleri ýola goýuldy. Birinji bäşýyllyk döwründe SSSR Hytaý-

da 141 sany senagat kärhanasynyň gurulmagyna ýardam berdi. 1954-nji ýylda ol HHR-e 300 *mln*, 1958-nji ýylda bolsa 130 *mln* dollar möçberinde ýeňillikli karz berdi. Diňe 1958-nji ýylyň 8 aýynda SSSR 20 sany häzirki zaman metallurgiýa we maşyn gurluşyk zawodlarynyň, kömür şahtalarynyň, elektrostansiýalaryň enjamlarynyň toplumyny Hytaýa berdi. 1950–1960-njy ýyllarda SSSR-iň tehniki ýardamy bilen HHR-de 250-den gowrak iri desgalar guruldy, Hytaýa 11 *müň* sany ýokary bilimli sowet hünärmeni ugradyldy, sowet kärhanalarynda, ýokary okuw mekdeplerinde 20 *müňden* gowrak hytaý işçileri, inženerleri okadyldy.

**Hytaý sosializminiň özboluşlylygy.** Hytaý sosializmi turuwbaşdan özboluşlylygy bilen dünýäniň beýleki sosialistik ýurtlaryndaky we SSSR-däki gurluşdan tapawutlanýardy. Muňa mysal edip, SSSR-de iri senagat kärhanalary gyssanmaçlyk bilen döwletiň haýryna geçirilip, raýatara urşunyň başlanmagyna kanunalaýyk hadysa hökmünde garalan bolsa, bu tejribe Hytaýda ulanylmady. Hytaýda senagat kärhanalary eýeleriniň elinden zorluk bilen alynmady. Diňe hususy önümçiligiň üstünden döwlet gözegçiligi ýola goýuldy. Hususy senagat kärhanalaryna döwlet tabşyrygy berlip, olaryň önümlerini döwlet satyn aldy. Elbetde, harytlaryň bahasyny döwlet kesgitledi. Hususy söwda bilen meşgullanýanlaryň dükanlarynyň üstünden döwlet gözegçiligi dikeldildi. Döwlet hususy söwdagärleri hakyna tutup işletdi.

Oba hojalygynda hem hytaý sosializmi özboluşlydy. SSSR-däki ýaly ur-tut kolhoz gurluşyna geçilmän, Hytaýda köpçülikleýin daýhan zähmetini guramagyň ýönekeý görnüşlerinden başlanyldy. Döwlet wagtlaýyn, möwsümleýin daýhan birleşiklerini döretmäge ýardam berdi. Daýhanlar birleşmä goşan ýeriniň möçberine, orta goýan zähmet guralyna we öz çeken zähmetine görä hak alýardylar. Hytaýda daşary ýurt maýasynyň täsiri ýok edildi.

1954-nji ýylda *halk wekilleriniň Ählihytaý ýygnagy* (parlament) döredildi. Ol ýurduň birinji Konstitusiýasyny kabul etdi.

**Mao Szedunyň «uly böküş» syýasaty.** Hytaýyň geçiş döwrüniň esasyny 1958–1961-nji ýyllara niýetlenen ikinji bäşýyllyk maksatnamasy düzmelidi. Emma Mao Szedun gysga wagtda ýurdy tiz ösdürmek isledi. Ol bäşýyllyk maksatnama ýerine ýetirilip başlanyp-başlanmanka, onda bellenilen sepgitlere düzedişleri girizdi. Ikinji bäşýyllygyň görkezijilerine täzeden seredip, ýurduň öňünde mümkin bolmadyk, öňkä seredilende birnäçe esse artdyrylan maksatnamany goýdy. Ýekeje mysal, öňki bäşýyllyk maksatnamada bäşýyllygyň ahyryna çenli 10 *mln* tonna polat öndürmek bellenilen bolsa, täzesinde ol 10 esse köp öndürilmelidi. 1953-nji ýyl bilen deňeşdirilende 1962-nji ýylda senagatda 6,5 esse, oba hojalygynda 2,5 esse ösüş gazanylmalydy. Ýyllyk ösüş depgini senagatda 45%-e, oba hojalygynda 20%-e deň bolmalydy. Bir ýylda 300–350 *mln* tonna galla ýygnalmalydy. Ykdysady ösüşiň ähli ugurlary babatda hem şeýle edildi. Mao Szedunyň gysga wagtda tiz ösüş ýörelgesi «*Uly böküş*» diýlip atlandyryldy. Bu syýasat 1958–1961-njy ýyllary öz içine aldy.

«Uly böküş» syýasaty ýyllarynda millionlarça adamlaryň zähmet joşguny, watançylyk hyjuwy biderek harçlandy. Ýene-de polatdan mysal alsak, ähli ýurt möçberinde «polat ugrunda söweş» şygary esasynda janaýamazakly zähmet çekildi. Poladyň öndürilişini artdyrmak üçin, ähli maşgalalara öz hojalyklarynda ýönekeý peçlerde polat önümçiligini guramak tabşyryldy. 90 *mln* adam, metallurgiýa barada düşünjesi bolmazdan, bu işe çekildi. Emma şeýle usulda öndürilen polat senagatyň bähbitlerine ýaramsyz bolup çykdy. «*Üç ýyl kynçylykly zähmet – on müň ýyllyk bagtyň girewi*» – ine, şeýle şygar hytaý halkyny zähmet hyjuwyna «ruhlandyrýardy». Halka sanlyja ýyldan kommunizme doly geçmek wada berilýärdi.

«Uly böküş» döwrüniň oba hojalygy barada aýdylanda **halk kommunalarynyň** döredilendigini aýtmalydyrys. Olar ýaňy ösüp, özüni dürsäp gelýän daýhan birleşmeleriniň ornuna döredildi. 740 *müň* sany oba hojalyk kooperatiwi 26 425 kommuna birikdirildi. Bir kommunada ortaça 20 *müň* adam ýaşaýardy. Maonyň pikiriçe, Hytaý kommunalaryň üsti bien kommunizme barmalydy. Olarda senagat, oba hojalygy, söwda, magaryf, harby iş utgaşykly alnyp barylmalydy. Kommunalar harby bölümlere çalym edýärdi. Daýhanlaryň ähli emlägi, zähmet gurallary, hatda mellek ýerleri kommunalarda umumylaşdyrylýardy. Kommunalarda daýhanlar birmeňzeş zähmet çekýärdi, birmeňzeş hem iýmitlenýärdi. Kommunalarda zähmet haky umumylaşdyrylandy. Ähli zadyň umumylaşdyrylmagy daýhanlaryň öndürijilikli zähmete höwesini gaçyrýardy. Kommunalaryň döredilmegi oba hojalyk önümçiliginiň hem pese gaçmagyna getirdi. Oba hojalygyna zyýan beriji diýlip hasaplanan *serçeleri gyrmaklyga* girişildi. Netijede, başga zyýankeş – mör-möjekler köpelip, hasyl yrýa edildi. 1958-nji ýylyň ahyrynda – 1959-njy ýylda ýurtda açlyk özüni bildirip ugrady. 1959–1961-nji ýyllarda dürli maglumatlara görä, 10–30 *mln* adam açlyk çekdi.



*Şanhaýyň golaýyndaky kommunalaryň birinde oba hojalyk tehnikasynyň öndürilişi*

Hytaý ýaly iri ýurdy bäş ýylda birnäçe esse ösdürmek kyndy. Onda-da millionlarça adamlar ýurduň geljegi ugrunda janaýaman zähmet çekdiler, ýöne zähmetine görä hak alyp bilmediler. «Uly böküş» öňe däl-de, yza boldy. Käbir maglumatlara görä, bu synag döwri Hytaýyň jemi içerki önümi üçden bir, milli girdejisi dörtden bir möçberinde azalypdyr. Maonyň geçirýän tejribelerini onuň egindeşleriniň käbiri, aýratyn-da, goranmak ministri marşal *Pen De Huaý* açyk tankytlap başlady. Mao garşydaşlaryny wezipesinden çetleşdirip, olaryň köpüsini tussag etdirdi. Harby ministriň kürsüsini Maonyň tarapdary Lin Býao eýeledi. Mao HHR-iň başlygy

wezipesini öz orunbasary Lýu Şaoszä berdi. Mao Szedun öz garşydaşlaryna garşy «*medeni rewolýusiýa*» syýasatyna başlady.

**«Medeni rewolýusiýa» syýasaty.** Hytaýyň kommunistik hökümetiniň alyp barýan içerki syýasatyna garşy halkyň närazylygy başlandy. Mundan peýdalanyp, intelligensiýa we döwlet emeldarlarynyň bir bölegi halky döwlete garşy öjükdirýärdi. Döredijilik işgärleri Mao Szedunyň prototipini çeper obrazlaryň üsti bilen tankytlaýardylar. Özüne garşy hereketiň başlanandygyna düşünen Mao 1966–1976-njy ýyllarda intelligensiýa we döwlet, partiýa emeldarlarynyň bir bölegine garşy ýurt möçberinde göreşe başlady. Bu göreş taryha «*Medeni rewolýusiýa*» ady bilen girdi.

«Medeni rewolýusiýa» döwründe ýaşlardan döredilen harby guramalar (*hunweýbinler – «gyzyl goragçylar», szaofanlar – «rewolýusion topalaňçylar»*) Maonyň öz garşydaşlaryndan öç almagy üçin esasy daýanjyna öwrülipdi. Hunweýbinleriň esasy bölegi okuwçylardan we talyplardan ybaratdy. Olar esasy işinden – okuwdan çetleşdirilip, Maonyň garşydaşlaryndan öç almaga gönükdirildi. Sany 40 *milliona* golaýlan hunweýbinler buržuaz medeniýetine garşy göreşmek bahanasy bilen kitaphanalary, sungat eserlerini ýok edip başlapdyrlar. Resmi ideologiýa garşy gidenler ýörite lagerlere iberilip, ol ýerde agyr zähmet bilen «gaýtadan terbiýelenipdirler». 1968-nji ýylda ýurtdaky baş-başdaklyk has güýjänsoň, «gyzyl goragçylaryň» özüni mugyra getirmek üçin goşun ulanyldy.

1969–1973-nji ýyllarda medeni rewolýusiýanyň ikinji tapgyry amala aşyryldy. Hytaýlylar 60–70-nji ýyllardaky öte geçmeleri Maonyň garran çagy goýberen ýalňyşlyklary we onuň egindeşleriniň günäsi hökmünde düşündirýärler. Ýalňyşlyklar halka we ýurda uly zyýan beren kemçilikler hökmünde soňky döwürde häkimiýete gelen Den Sýaopin tarapyndan ýazgaryldy. «Medeni rewolýusiýa» syýasaty 1976-njy ýylda Mao Szedunyň aradan çykmagy bilen tamamlandy. Hytaýda «Medeni rewolýusiýa» döwründe goýberilen öte geçmeleri soňky döwürde häkimiýete gelen sagdyn güýçler kem-käsleýin ýazgardy. Günäler Maonyň ýakyn egindeşi Lin Býao-nyň we «*dörtleriň bandasynyň*» üstüne ýüklenip, Maonyň özi kän tankytlanmady.

**50–60-njy ýyllarda Hytaýyň daşary syýasaty.** 1958-nji ýylyň awgustynda HHR Taýwan aýlagyndaky Szinmyn we Naszu adalaryna hüjüm etdi. ABŞ-nyň goşulmagynda halkara harby dawasynyň tutaşmak howpy döredi. Diňe SSSR-iň Hytaýyň arkasyny almagy bilen onuň öňi alyndy.

50-nji ýyllarda Hytaýyň daşary syýasatynyň esasy ugruny onuň SSSR bilen gatnaşygy düzýärdi. Halkara meselelerinde SSSR we Hytaý bilelikde çykyş edýärdi. 1950-nji ýylyň fewralynda SSSR bilen HHR-iň arasynda dostluk, ýaranlyk we birek-birege kömek bermek barada 30 ýyllyk şertnama baglaşyldy. Oňa görä, SSSR Hytaýa Gündogar Hytaý demirýoluny gaýtaryp berdi, Port-Arturdan goşunlaryny çykardy. Hytaýa 300 *mln* dollar möçberinde ýeňillikli karz hem-de ykdysadyýetini dikeltmäge hemmetaraplaýyn kömek berdi. Öz gezeginde HHR Mongoliýa Halk Respublikasynyň garaşsyzlygyny ykrar etdi we özüni SSSR-iň Uzak Gündogarda harby ýarany diýip yglan et-

di. 1950–1953-nji ýyllardaky Koreý urşy döwründe Hytaý SSSR-i goldap, Demirgazyk Koreýa ýardam beripdi. Koreýa urşunda Hytaý 1 *mln* adamyny ýitirdi.

Staliniň ýogalmagy we onuň şahsyýet kultunyň ýazgarylmagy bilen baglanyşykly sowet-hytaý gatnaşyklaryna sowuklyk aralaşdy. N.S.Hruşýow 1958-nji ýylyň maýynda we HHR-iň 10 ýyllygyna gabatlanyp, Pekine sapary mahalynda Mao Szedunyň atom ýaragyny öndürmek boýunça tehnologiýalary Hytaýa bermekden boýun towlady. Muny SSSR-iň öz esasy ýaranyny goramaga ukyplydygy bilen düşündirdi. Emma Hytaý 1964-nji ýylda öz atom bombasyny, 1967-nji ýylda wodorod bombasyny synagdan geçirdi.

SSSR «uly böküş» syýasatyna tankydy göz bilen seretdi. Emma ol 1959–1967-nji ýyllarda Hytaýa 1,25 *mlrd* dollar möçberinde dürli görnüşli harytlary iberip, oňa kömek berdi. Bu sowuklyk 50-nji ýyllaryň ahyryndan başlap duşmançylyk häsiýetine geçdi. 60-njy ýyllar SSSR bilen Hytaýyň gatnaşyklarynyň iň bir ýaramazlaşan döwrüdir. 1960-njy ýylda Hytaýyň ýolbaşçylary SSSR-i ýiti tankytlap başladylar. Şol ýylyň iýul–awgust aýlarynda Sowet Soýuzy Hytaýdan ähli tehniki hünärmenlerini we beýleki maslahatçylaryny yzyna çagyrdy, öňki baglaşylan ykdysady ylalaşyklary ýatyrdy. Ýagdaýy düzgünleşdirmek barada Moskwada 1963-nji ýylyň tomsundaky gepleşikler şowsuz gutardy. 60-njy ýyllaryň ahyrynda Hytaý bilen SSSR-iň arasynda Ussuriý derýasyndaky *Daman adasynda* serhetýaka çaknyşyklary bolup geçdi.

ABŞ kommunistik düzgünli Hytaý hökümetine garşy 50–60-njy ýyllaryň dowamynda duşmançylykly syýasat alyp bardy. Ol HHR ýaly dünýäniň iri döwletini ykrar etmändi. Bu döwürde Ýaponiýa bilen Hytaýyň arasynda diplomatik gatnaşyklar dikeldilmändi.

**Den Sýaopiniň özgertmeleri.** 1976-njy ýylyň 9-njy sentýabrynda 83 ýaşly Mao Szedun aradan çykdy. Hytaýda kem-kemden özgertmeleriň tarapdary bolan *Den Sýaopiniň* täsiri artyp başlady. Onuň ýurtda özgertmeler syýasatyna başlamakçy bolmagy birbada partiýanyň agzalarynyň arasynda goldaw tapmady. 1977-nji ýylda häkimiýete gaýtadan gelen Den Sýaopin ýene-de özgertmeleriň möhümdigini öňe sürdi. Hytaýda özgertmeler döwri 1978-nji ýylyň ahyrynda başlandy.



***Den Sýaopin*** *(1904–1997) – Hytaýyň görnükli döwlet we syýasy işgäri. Doglan wagtyndaky ady Den Sýanşen. 1925-nji ýylda Parižde okap ýören mahaly özüne «Sýaopin» – «kiçijik dünýä» diýen ady alýar. 1926-njy ýylda okuwyny Moskwada – Gündogaryň zähmetkeşleriniň uniwersitetinde dowam etdirýär. Hytaýda raýatara urşy wagtynda azat ediş goşunynyň serkerdeleriniň biri bolýar. Ol 1966-njy ýylda yzarlanmalara sezewar edilip, 1973-nji ýylda aklanýar. 1973-nji ýylda premýer-ministr Çžao Enlaý ony Pekine çagyryp, özüniň orunbasary belleýär. 70-nji ýyllarda başlanan özgertmeler onuň teklibi we ýolbaşçylygy astynda geçirilýär. Ähli häkimiýetiň öz elindedigine garamazdan, ol HKP-niň Baş sekretary, Hytaýyň başlygy wezipelerini eýelemändir. Emma ýurtda hakyky dolandyryjy Den Sýaopin bolupdyr. Ol 1989-njy ýylyň 9-njy noýabrynda döwlet işlerinden çetleşip, ýurdy dolandyrmaga täze nesliň gelmegine şert döredipdir. Ol «hytaý özgertmeleriniň atasy» hasaplanýar.*

Den Sýaopin birnäçe wagtlap Hytaýy ösdürmegiň ýollaryny gözläpdir. Resmi maglumatlara görä, ýurtda 20 *mln* adam işsizdi, 100 *mln* adam açlyk çekýärdi. Ýagdaýdan çykalga tapmalydy.

1979–1981-nji ýyllar Hytaýda gaýtadan dikeldiş ýyllary diýlip yglan edilip, bu döwürde düýpli özgertmeler geçirildi. 70-nji ýyllaryň ahyrynda Hytaý obalarynda kommunalar ýatyryldy. Ýerler daýhanlara berildi. Kooperatiw gurluşyň ýerine maşgala potratçylygy girizildi. Oba hojalygy ilaty zerur azyk önümleri bilen üpjün etse, senagat halkyň durmuş hajatlaryna dahylly tehnika islegini kanagatlandyrdy. Erkin söwda giň ýol açyldy. Müňlerçe bazarlar döredildi. Döwlet kärhanalaryny merkezden dolandyrmak we olara döwlet sargydyny tabşyrmak çäklendirildi. Meýilnamadan artyk önümlerini erkin ýerlemäge olara ygtyýar berildi. Goşun we oňa edilýän çykdajylar azaldyldy.

Partiýa guramalarynyň hukuklary birneme çäklendirildi. Olar hojalyk işi bilen däl-de, wagyz-nesihat bilen meşgullanmalydy. 1992-nji ýylyň martynda Den Sýaopin: «*Ideologiýa we sosializmiň ýa-da kapitalizmiň nähili atlary göterýändigi baradaky abstrakt jedeller bilen özüňi gandallamagyň geregi ýok*» diýen sözleri aýtdy. Den Sýaopin *«dört sany kämilleşdirmek»* ýörelgesini ähli özgertmeleriň esasy diýip yglan etdi. Oňa laýyklykda, ykdysadyýet 4 pudaga bölündi – goranmak senagaty, oba hojalygy, ylym we senagat önümçiligi.

Düýpli özgertmeler öz oňyn netijesini hem berdi. VI bäşýyllyk ýyllarynda (1981–1985) senagat önüminiň möçberi 11%, ilatyň girdejileri 2 esse artdy. 1984--nji ýylda Hytaý 400 *mln* tonna galla öndürip, özüni azyk bilen üpjün etdi. Munuň özi döwlet goldawyny alan hytaý daýhanynyň galkynmasynyň netijesidi. Halkyň durmuş derejesi görnetin gowulanyp başlady.

1982-nji ýylyň sentýabr aýynda HKP-niň XII gurultaýynda eden çykyşynda Den Sýaopin ilkinji gezek entek Hytaýyň yzagalak, ösýän ýurtdugyny aýdyp, onuň sosializm gurluşynyň başlangyç pursadyndadygyny, «*hytaý özboluşlylygy bilen sosializm gurmagyň*» zerurdygyny orta atdy. Ähli zada hakyky ýagdaýlardan ugur alyp çemeleşmek onuň iş usuly bolupdy. Den Sýaopin Hytaýy özgertmegi tapgyrlaýyn geçirmegi öňe sürýär. Ilki oba hojalygynda, soňra senagatda, soňunda syýasy gurluşda özgerdişleri guramaçylykly geçirmegiň ýollaryny işläp düzýär. 1987-nji ýylda HKP-niň XIII gurultaýynda Hytaýda sosializm gurluşygynyň 3 sany tapgyry kesgitlenildi:

1. 1990-njy ýyla çenli birinji tapgyrda 1980-nji ýyla garalanda milli önüm 2 esse artmalydy, kartoçka ulgamy ýatyrylyp, halk zerur harytlar bilen üpjün edilmelidi.

2. Asyryň başyna çenli jemi milli önüm ýene 2 esse artyp, halkyň ýaşaýşy orta derejä ýetmelidi.

3. Özgerdişler 2049-njy ýyla çenli dowam edip, HHR-iň döremeginiň 100 ýyllygyna Hytaýyň ortaça ösen ýurtlaryň hataryna goşulmagy bellenýärdi.

Eýýäm XXI asyryň başyna çenli bu wezipeleriň ählisine hötde gelnendigini bellemek zerur.

Hytaý özboluşlylygy bilen sosializm gurmak üçin, ykdysadyýetde önümçilik serişdelerine jemgyýetçilik eýeçiligi saklanyp galmak bilen eýeçiligiň beýleki görnüşleri hem döwlet goldawyndan peýdalanýar. Hususylaşdyrmak işine kem-kemden ýol arçaldy. Meýilnamaly-haryt hojalygy bazar düzgünleşdirilişi bilen utgaşdyrylýar.

Den Sýaopin: «*Netijeli işleýän, jepakeş adam, goý, beýlekilerden has gurply ýaşasyn*» diýip, jemgyýetde gowy ýaşamak üçin yhlasly zähmet çekmegiň zerurdygyna ünsi çekipdir. Hytaýlylar muňa dogry düşünip, olaryň özleri: «*Zähmet we ýene zähmet ýoly biziň üçinem, dünýäniň köpsanly beýleki halklary üçin hem esasy ýörelge. Dünýä ölçeglerine görä ýaşasyň gelýärmi, oňa laýyk işlemäni başarmaly. Garaz, gowy ýaşasyň gelse, gowy işlemeli*» diýýärler.

Hytaý maddy nygmatlaryň paýlanylmagynda deňleşdirmekden, hemmäni bir aýakdan sürmekden boýun gaçyrýar. Ykdysady höweslendirmeler ulanylýar. 1992--nji ýylda bolan XIV gurultaýda Hytaýdaky ykdysady özgertmeleriň maksady sosialistik bazar ykdysadyýetini döretmek diýlip yglan edildi. 2004-nji ýylda Hytaýyň konstitusiýasynda raýatlaryň hususy eýeçilige bolan hukugy dikeldildi.

1989-njy ýylyň 15-nji aprelinden başlap, hökümetden syýasy durmuşy demokratiýalaşdyrmagy talap edýän talyplar we olaryň tarapdarlary bir aýlap *Týananmen meýdanynda* açlyk yglan etdiler. 1989-njy ýylyň 4-nji iýunynda döwlet ýolbaşçylarynyň tabşyrygy boýunça goşun we polisiýa olary güýç ulanyp dargatdy.

1989-njy ýylda *Szýan Szemini* Döwlet geňeşiniň premýeri wezipesine hödürläp, öz mirasdaryny saýlansoň, Den Sýaopin syýasy häkimiýetden çetleşdi.



***Szýan Szemin*** *(1926-njy ýylda doglan) – Hytaýyň görnükli döwlet we syýasy işgäri. 1947-nji ýylda Şanhaýyň ulag we aragatnaşyk uniwersitetini tamamlady. 30 ýyllap maşyngurluşygy ministrliginiň ulgamynda işleýär. 1955-nji ýylda Moskwanyň awtoulag zawodynda 4 aýlap tejribelik geçýär. 1989–2002-nji ýyllarda Hytaýyň Kompartiýasynyň Merkezi Komitetiniň Baş sekretary. 1989–2004-nji ýyllarda HHR-iň Merkezi harby geňeşiniň Başlygy. 1993–2003-nji ýyllarda HHR-iň Başlygy. Den Sýaopiniň özgertmelerini dowam etdirip, Hytaýyň ykdysadyýetini öz dolandyran döwründe dünýäde 7-nji orna çykarmagy başardy. Iňlis, rus, ýapon, fransuz, nemes, rumyn dillerini bilýär. Saz we şygyr sungaty bilen içgin gyzyklanýar.*

**Hytaýda daşary ýurtlaryň maýa goýumlary.** Hytaýyň 1978-nji ýylda özgertmeler we aç-açanlyk syýasatyna geçmegi bilen onuň daşarky dünýä bilen aragatnaşygy ýygjamlaşdy. Hytaýda daşary ýurt maýasyny çekmegi höweslendirmek üçin Hytaýyň günorta-gündogar kenarýaka etraplarynda dört şäher – Şençžen, Čžuhaý, Sýamyn, Şantou *ýörite ykdysady zolaklar* diýlip yglan edildi. Olara soňra Haýnan adasy hem goşuldy. Olaryň yzysüre Ýanszy we Čžusýan derýalarynyň aýagujyn-

daky 14 sany deňiz ýakasyndaky şäher, Fuszýan welaýatynyň günorta-gündogary, Bahaý aýlagynyň sebiti *açyk ykdysady zolaklar* diýlip yglan edildi. Bu ýerlerde daşary ýurt maýasy üçin inwestision we salgyt ýeňillikleri döredildi.




1992-nji ýylda Den Sýaopin «*şiçan huan szişu*» – «*tehnologiýalaryň öwezine – bazar*» atly syýasaty yglan etdi. Oňa laýyklykda, öňdebaryjy tehnologiýalary satyn almagyň ýa-da bilelikdäki kärhanalary döretmegiň öwezine Hytaý daşary ýurtlaryň transmilli korporasiýalaryna öz bazarynda ýeňillikli şertleri döretdi. Şençžen – şol syýasatyň ilkinji synag edilen şäheridir. Şäheriň porty we aeroporty Hytaýyň dünýä açylan penjiresi saýylýar. Şençžen Hytaýyň iri ýokary tehnologiýa, senagat, syýahatçylyk merkezi.



*Şençžen şäherindaki «Dünýä açylan penjire» tematiki seýilgähiniň umumy görnüşi*

80-nji ýyllarda geçirilen özgertmeleriň netijesinde milli girdejiniň ýyllyk ösüş depgini 10%-e ýetdi. 90-njy ýyllarda ol 7–9% aralygynda boldy. 1995-nji ýylda özgertmelere badalga berlen 1978-nji ýyl bilen deňeşdirilende, JIÖ 4 esse artdy. 1997-nji ýylda ol 900 *mlrd*, 2001-nji ýylda bolsa 1 *trln* dollara

deň boldy. 1997-nji ýylyň ahyryna çenli hytaý ykdysadyýetine goýlan daşary ýurt maýasy 184 *mlrd* amerikan dollaryndan geçdi.

Geçen asyryň ahyrynda daşary ýurt maýasyny peýdalanmakda Hytaý dünýäde ABŞ-dan soň ikinji ýerde durýardy. Häzirki wagtda Hytaýda daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky kärhanalaryň sany 230 *müňden* gowrakdyr. Hytaýda 2011--nji ýylyň üç aýynda 5 937 sany daşary ýurtly maýadar hasaba alnyp, olaryň goýan maýasy 30 *mlrd* 340 *mln* dollara ýetdi. Öz gezeginde şol wagt hytaýly maýadarlaryň 974-si 98 ýurtda 8 *mlrd* 510 *mln* amerikan dollaryny maýa goýum taslamasyny amala aşyrypdyrlar. 2012-nji ýylyň ahyrynda Hytaýa göni daşary ýurt maýa goýumy 1,3 *trln* ABŞ dollaryna barabar boldy. Şol ýylda Hytaýda daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagynda 760 *müň* kärhana bardy.

**Hytaýyň daşary ýurtlara maýa goýumlary**




**Çeşme: HHR-iň söwda ministrligi**

1997-nji ýylda Hytaýyň daşary söwdasy 325 *mlrd* dollara ýetip, ol şol wagt dünýä söwdasynyň 20%-ine deňdi. Şol döwürde ýurduň 200 *müň* kärhanasy eksport üçin önüm öndürýärdi. 2005-nji ýylda Ýaponiýa Hytaýa 6 *mlrd* dollar maýa goýdy. Şol ýylda ýapon-hytaý söwdasy 190 *mlrd* amerikan dollaryna barabar boldy.

**Hytaýyň daşary ýurtlara maýa goýumlary.** Hytaý diňe daşary ýurt maýasyny özüne kabul etmän, özi hem işjeň daşarky maýa goýum syýasatyny ýöredýär. 2002-nji ýylda HHR «*ýurduň daşyna çykmak*» strategiýasyny yglan etdi. Şol ýylda Hytaý 6,9 *mlrd* amerikan dollaryny daşary ýurtlara göni maýa goýum görnüşinde çykaran bolsa, 2012-nji ýylda bu sany 84,2 *mlrd* amerikan dollaryna çenli artdyrdy. Hytaý maýa goýumlarynyň aýratynlygy onuň köp böleginiň döwlet pudagyna goýulýandygydyr. 2010-njy ýylda hytaý maýasynyň, 65,2%-i – Aziýanyň, 15,3%-i – Latyn Amerikasynyň, 9,8%-i – Ýewropa ýurtlarynyň paýyna düşdi.

**Iki asyryň sepgidinde Hytaýyň durnukly ykdysady we syýasy ösüşi.** Hytaý soňky 40 ýyla golaý wagtyň içinde özgertmeler ýoly bilen ösdürilip, ol ykdysady ösüşiniň depgini boýunça dünýäniň ilkinji onlugyna goşuldy. Bu döwürde Hytaýyň ykdysadyýetiniň çalt depginde ösmeginiň 5 sany esasy sebäbi bardy:

1) Bazar ýörelgeleriniň ornaşdyrylmagy;
2) Söwda we maýa goýumlary üçin açyklyk;
3) Süýşürintgileriň we maýa goýumlarynyň ýokary derejesi;
4) Işçi güýjüniň transformasiýasy;
5) Başlangyç bilim ulgamynyň ösdürilmegi.

Hytaý Halk Respublikasy (HHR) döredilen mahaly oba hojalygy agdyklyk edýän döwletdi. XXI asyryň başynda Hytaý senagat taýdan ösen ýurda öwrüldi. Hytaý galla, pagta, et, ösümlik ýagy, kömür, polat, sement, süýümleri we telegörkezijileri öndürmekde dünýäde birinji ýere geçdi. Reňkli metallary eretmekde, himiýa süýümlerini, gämileri, mineral dökünleri, şekeri, elektrik energiýasyny, çig nebiti öndürmekde hem Hytaý ilkinji bäşlige girýär. Geçen asyryň ahyrynda ol JIÖ-niň möçberi boýunça 7-nji, daşarky söwda boýunça 11-nji orny eýeläpdi.



*Şanhaýdaky Bütindünýä maliýe merkezi*

Hytaý import üçin päsgelçilikleri azaltdy. 1982-nji ýylda olara salynýan gümrük paçlary 50% bolanlygyndan 2005-nji ýylda 10%-e çenli azaldyldy. Deňeşdirmek üçin, 2004-nji ýylda bu görkeziji Hindistanda – 29,1%-e, Meksikada – 18%-e, Braziliýada – 18%-e, Indoneziýada – 6,9%-e deňdi.

2009-njy ýylda Hytaý awtoulag öndürmekde dünýä öňdebaryjysy Ýaponiýadan öňe geçmegi başardy. 2010-njy ýylda ýurtda 18 *mln* 264 *müň* awtoulag öndüri-

lip, Hytaý Ýaponiýadan (9 *mln* 625 *müň*) iki esse ozdurdy. 2012-nji ýylda Hytaýyň eksportynyň we importynyň umumy möçberi 3 *trln* 866 *mlrd* dollardan geçdi.

Hytaý ylymda hem birnäçe öňegidişlikleri gazandy. 2013-nji ýylyň ahyrynda onuň Aýa ugradan «*Ýutu*» atly emeli hemrasy bu ýerde düşürilen suratlary Ýere ugradyp başlady.

**Hytaýyň ilaty.** Hytaý dünýä syýasatyna uly täsirini ýetirýän, ilatynyň sany boýunça dünýäde 1-nji ýerde durýan döwletdir. 2007-nji ýylda Hytaýyň ilaty 1 *mlrd* 317 *mln* adama, 2010-njy ýylda bolsa 1 *mlrd* 339 *mln* adama ýetdi. Ýer şarynyň ilatynyň 20%-ine golaýy şu ýerde ýaşaýar.

Hytaýda onlarça milletiň wekilleri ýaşaýarlar. Olaryň 56-sy öz milli egin-eşiklerini, däp-dessurlaryny saklan halklardyr. Olaryň biri *salyr türkmenleridir*. Azlyk milletler Hytaýyň ilatynyň bary-ýogy 7%-ini tutýar. Hytaýlylar özlerini *han* milleti diýip atlandyrýarlar. Ýurduň ähli ilatynyň üçden biri şäherlerde, üçden ikisi obalarda ýaşaýar.

Demografik mesele Hytaý üçin ýiti mesele bolmagynda galýar. Şäherlerde her maşgala diňe 1, oba ýerlerinde bolsa 2 çaga edinmäge rugsat berilýär. Millionlarça hytaýly erkekler, islese-de öz ýurdundan özüne durmuş hemrasyny tapyp bilmeýär. Çünki Hytaýda erkeklere garanda zenanlaryň sany az bolmagynda galýar. Ilatyň aglaba böleginiň obalarda ýaşamagy, şäher we oba ilatynyň ýaşaýyş derejesiniň aratapawudy Hytaýda sosial meseleleri döredýär. Onuň öňüni almak üçin hökümet soňky 10 ýyllykda ýyllyk 10% ösüşi 7,5% möçberinde saklamaga çenli azaltmagy, netijede, tygşytlanan serişdeleri oba ilatynyň durmuş hajatlaryna gönükdirmegi maksat edinýär. 2015-nji ýylda Hytaýda JIÖ-niň ösüşi 6,9%-e çenli azaldyldy.

**Hytaý XXI asyryň başlarynda.** Hytaý oba hojalygy babatda hem ösen döwletdir. Özgertmeler syýasaty yglan edilensoň, oba ýerlerindäki kärhanalaryň sany artyp, millionlarça adama iş ýeri döredildi. Netijede, öň Hytaýyň obalarynda ýaşaýan ilat köp bolan bolsa, indi olaryň sany deňleşip, hatda şäher ilatynyň sany artyp başlady. 2011-nji ýylda ilkinji gezek oba ilaty bilen şäher ilatynyň sany deňleşdi. Soňky ýyllarda bolsa şäher ilatynyň sany obanyňkydan artyp başlady. Ýer togalagynyň sürümli ýerleriniň bary-ýogy 7%-iniň Hytaýdadygyna garamazdan, bu ýurt dünýä ilatynyň bäşden birini goýnunda azyk bilen ekläp-saklap bakýar. Emma bu çärelere garamazdan, obalardan şäherlere göçmek güýçlenýär. Ýurduň şäherlerde ýaşaýan ilatynyň sany barha artýar. Bu ýagdaý XXI asyryň başlarynda has hem güýçlendi.

Häzirki wagtda Hytaý dünýäniň ähli döwletleri bilen diýen ýaly söwda-ykdysady gatnaşyklaryny alyp barýar. 2001-nji ýylda Hytaý Bütindünýä söwda guramasyna girdi. 2004-nji ýylda ol ABŞ-dan, Ýaponiýadan soň dünýäniň 3-nji söwda döwletine öwrüldi. Başgaça, Hytaýa «*dünýäniň fabrigi*» hem diýilýär. Hytaýyň gümrük statistikasyna görä, ol ençeme ýyldan bäri dünýäde dokma önümlerini, aýakgaplary, sagatlary, welosipedleri, tikin maşynlaryny we zähmeti az sarp edýän beý-

leki harytlaryň ençemesini eksport etmekde dünýäde birinjiligi saklaýar. HHR-iň Ýewropa Bileleşigi bilen 2014-nji ýyldaky söwda dolanyşygy 600 *mlrd* amerikan dollaryna barabar boldy.

ABŞ hytaý harytlarynyň iberilýän iň iri bazarydyr. Noutbuk kompýuterleri, displeýler, ykjam telefonlar – ABŞ-nyň Hytaýdan iň köp satyn alýan harytlarydyr. Diňe 2004-nji ýylda ABŞ bu ýurtdan 11 *mln* sany noutbuk (ortaça 700 dollar), 37 *mln* displeý (ortaça 320 dollar), 37 *mln* ykjam telefon (ortaça 120 dollar) satyn alypdyr. 2000–2012-nji ýyllarda ABŞ-nyň Hytaýa eksporty bolsa 16,2 *mlrd* dollardan 110,5 *mlrd* dollara çenli artdy. Tersine Hytaýyň ABŞ-a eksporty 4 esseden hem gowrak artdy – 100,0 *mlrd* dollardan 425,6 *mlrd* dollara ýetdi. 2014-nji ýylda amerikan-hytaý söwda dolanyşygy 521 *mlrd* dollar boldy.

2003–2012-nji ýyllarda *Hytaýa Hu Szintao* baştutanlyk etdi.



***Hu Szintao (1942-nji ýylda doglan)*** *– Hytaýyň görnükli döwlet we syýasy işgäri. 1959–1964-nji ýyllarda Pekiniň Sinhua politehniki institutynda okaýar. Hünäri boýunça gidrotehnik. Okuwyny tamamlansoň, institutda mugallymçylyk edýär, ylmy işleri alyp barýar. Ençeme ýyllap Hytaýyň ýaşlar guramasynda ýolbaşçy wezipelerde işleýär. 1985-nji ýylda partiýa işine geçýär. 1988–1992-nji ýyllarda Tibet awtonom oblastynyň partiýa komitetiniň başlygy bolup işleýär. 2002-nji ýylda HKP MK-nyň Baş sekretary bolýar. 2003-nji ýylda Hytaýa baştutan bolan mahalynda «Häkimiýeti halk üçin ulan, halk barada alada et, halkyň bähbidini gazan!» atly şygary öňe sürýär.*

Hu Szintaonyň ýokardaky ahlak öwüt-nesihatlary bilen ruhlanan hytaýlylar öz ýurduny iki asyryň sepginde dünýäde meşhurlyga ýetirmegi başardylar.

Hu Szintaonyň dolandyran döwründe XX asyryň ahyrlarynda ykdysady ösüşi babatda haýallan Hytaý täzeden çalt depginler bilen ösüp başlady. Hu Szintao Hytaýda özgertmeler syýasatyny dowam etdirip, telekeçiligiň, hususy eýeçiligiň ösmegine üns berdi. 2005-nji ýylda 11-nji bäşýyllyk meýilnama kabul edildi. Onuň ahyrky maksady «*Hytaýda sazlaşykly ösen jemgyýeti*» gurmakdan ybaratdy. XXI asyryň başlarynda Den Sýaopiniň telekeçiligi ösdürmek baradaky görkezmelerini Hu Szintao has ösdürýär. Onuň tagallasy bilen 2004-nji ýylda ýurduň konstitusiýasyna hususy eýeçiligi goramak hakynda goşmaçalar girizilýär. 2007-nji ýylda Hytaýda hususyýetçileriň öndürýän önüminiň jemi bahasy döwlet pudagynyň öndürýäni bilen deňleşen bolsa, 2013-nji ýylda hususy pudagyň paýy 60%-e ýetýär.

2009-njy ýylda HHR-iň JIÖ-si 5,02 *trln* amerikan dollaryna ýetdi. 2010-njy ýylyň birinji ýarymynda ol bu görkeziji boýunça Ýaponiýadan ozup, ABŞ-dan soň 2-nji ýere geçdi. 2011-nji ýylda Hytaýyň ykdysady kuwwaty, takmynan, 11,2 *trln* dollara deň boldy. 2012-nji ýylda bu görkeziji 12 *trln* 383 *mlrd* dollara ýetdi. 2013-nji ýylda Hytaýyň JIÖ-si 9 trln 884 *mlrd* dollar boldy. Şol ýylda ýurduň ösüş depgini 7,7% bol-

dy. 2014-nji ýyldan başlap, HHR JIÖ-niň ilatyň satyn alyş ukybyna pariteti boýunça dünýäde 1-nji ýere geçdi. Hytaý dünýäniň walýuta gorlarynyň ýarpysyna eýedir. 2008-nji ýylda dünýäde başlanan maliýe-ykdysady çökgünliginden peýdalanan Hytaý iri kompaniýalaryň paýnamalaryny satyn alýar. 2010-njy ýylyň iýun aýynda onuň ABŞ-daky paýnamalarynyň mukdary 1 *trln* 111 *mlrd* 200 *mln* dollara ýetdi. Şondan bäri Hytaý bu mukdary 1 *trln* dollardan aşak düşürmedi. Hytaý ABŞ-a göni maýa goýumlaryny az mukdarda goýup (2002–2004-nji ýyllarda 1,4 *mlrd* dollar – ABŞ-a tutuş maýa goýumlarynyň 0,3%-i), onuň tersine, amerikan firmalarynyň paýnamalaryny satyn almak arkaly ABŞ-nyň ykdysadyýetini öz täsirinde saklamaga çalyşýar.




*Halkara Pul gaznasynyň maglumaty boýunça 2014-nji ýylda dünýä ýurtlarynyň JIÖ-däki paýy (Hytaý 1-nji ýerde)*

2012-nji ýylyň ahyryndan başlap, HHR-iň Başlygy wezipesine *Si Szinpin* saýlandy. Ol bu wezipä Hytaý kompartiýasynyň Baş sekretarlygyndan geldi.



***Si Szinpin (1953-nji ýylda doglan)*** *– Hytaýyň görnükli döwlet we syýasy işgäri. Sinhua uniwersitetini hukukçy hünäri boýunça tamamlady. 2008–2012-nji ýyllarda HHR-iň Başlygynyň Orunbasary boldy. 2012-nji ýylyň 15-nji noýabrynda Hu Szintao HKP-niň Baş sekretary wezipesini oňa tabşyrdy. 2013-nji ýylyň 14-nji martynda HHR-iň başlygy wezipesine saýlandy. Ol nobat boýunça bu wezipedäki 7-nji adamdyr. Ol hukuk ylymlarynyň doktorydyr. Si Szinpin asyl gelip çykyşy boýunça Mao Szedunyň döwründäki täsirli döwlet işgäriniň maşgalasynda doglandygyna garamazdan, aýratyn işeňňirligi, öňdengörüjiligi, syýasatda paýhaslylygy, para meselesinde gaty arassalygy bilen tapawutlanýar. Bu meselede onuň: «Biz birbada «gaplaňlary» we «siňekleri» ýok etmegi başarmalydyrys, halkyň kanuny hukuklaryny we bähbitlerini goramalydyrys, işgärler arassalygyna, hökümet para satylmazlygyna, syýasat arassalygyna galmalydyr» diýen sözleri bilen meşhurdyr. Hytaýy öwreniji alymlar ony Mao Szedun, Den Sýaopin ýaly Hytaýyň taryhynda düýpli yz galdyran döwlet ýolbaşçylary bilen bir hatarda goýýarlar.*

Si Szinpin hem Den Sýaopin tarapyndan yglan edilen ykdysady özgertmeler syýasatyny dowam etdirýär. 2014-nji ýylda onuň ýolbaşçylygynda hususy banklary döretmek barada işler alnyp baryldy. 2014-nji ýylyň martynda 5 sany hususy banky döretmek barada karar kabul edildi. Bu bolsa Hytaýda hususy eýeçiligiň ösmeginiň ýolundan ähli böwetleriň aýrylýandygyndan habar berýär.

2015-nji ýylyň ahyryndan başlap, hytaý ykdysadyýetinde kynçylyklar duýlup başlady. Milli walýuta – *ýuan* iki gezek dewalwasiýa edildi. Çökgünlik 2016-njy ýyl-

da-da dowam etdi. 2014-nji ýyldan başlap, Hytaý öz gorlarynda ABŞ dollaryny toplamagyny azaldyp başlady.

**Hytaýyň daşary syýasatynyň esasy ýörelgeleri.** Hytaý garaşsyz, özbaşdak daşary syýasat ýöredýär. Onuň daşary syýasaty parahatçylykly ýaşaşmagyň bäş ýörelgesinden ugur alýar. Hytaý dünýädäki harby birleşiklere goşulmaýar. Ol halkara dawalaryna goşulmazlyk syýasatyny alyp barýar. Beýle diýildigi, Hytaý halkara meselelerinde işjeň däl diýmegi aňlatmaýar. Hytaýyň özi aňsat iri daşary syýasy halkara başlangyçlary bilen çykyş etmeýär. Adatça, bu ýurt dünýäde bolup geçýän wakalara baha bermeklige howlukmaýar, köplenç, garaşýar ýa-da bitarap pozisiýasyny eýeleýär.

Döredilmeginiň ilkinji 50 ýylynda HHR-iň daşary syýasatynyň konseptual esaslary düýpli üýtgemedi. Şol sebäpli hytaý daşary syýasatyny konserwatiw hasaplaýarlar.

HHR BMG-niň Howpsuzlyk geňeşiniň hemişelik agzasydyr. Hytaý halkara guramalarynyň üsti bilen işjeň daşary syýasat alyp barýar. Dünýäde haýsydyr bir döwletiň öňbaşçy bolmagyna, güýç ulanmak syýasatyna garşy çykýar. Hytaýyň daşary syýasatynyň esasy maksady öz ýurduny ösdürmek üçin, halkara derejesinde parahatçylygy gorap saklamakdyr. Hytaý Taýwany özüniň bir welaýaty hasap edýär. Özi bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýan islendik ýurtdan Taýwan bilen resmi gatnaşyklary bes etmegi talap edýär. Taýwanyň Hytaýa degişlidigini ykrar eden döwletler bilen ysnyşykly gatnaşýar. Dünýäniň uly we kiçi döwletleri bilen deň derejede gatnaşmak Hytaýyň daşary syýasatynyň esasy ýörelgeleriniň biridir.

**Hytaýyň daşary syýasatynyň esasy ugurlary.** Hytaý ABŞ, Ýewrobileleşigiň ýurtlary bilen işjeň gatnaşýar. 2011-nji ýylda HHR-iň başlygy Hu Szintao ABŞ-da saparda wagty: «*Biz ýaraglanyşygy haýdatmaga goşulmaýarys. Dünýäniň hiç ýurduna harby howp salmaýarys*» diýipdi. Taýwan meselesinde Günbatar ýurtlary bilen gatnaşyklarynda döreýän düşünişmezlikleri diplomatik ýollar bilen çözmäge synanýar.

Hytaý *Şanhaý hyzmatdaşlygy guramasyny* döredijidir. Bu halkara guramasy 1996-njy ýylda Hytaý bilen Russiýanyň arasynda döräpdi. Şol ýyl oňa Täjigistan, Gyrgyzystan we Gazagystan goşulypdy. 2001-nji ýylda bolsa oňa Özbegistan hem agza bolupdy. Bu guramanyň agzalary ilkibaşda halkara howpsuzlygyny üpjün etmek meselesi boýunça hyzmatdaşlyk etmek barada ylalaşypdylar. Emma soňabaka Hytaý bu gurama girýän ýurtlar bilen halkara terrorizmine, neşe jisimleriniň ýaýradylmagyna garşy göreşmekde, aýratyn-da, ykdysady gatnaşyklar meselelerinde hyzmatdaşlyk edip başlady. Merkezi Aziýanyň döwletleriniň arasynda Gazagystan bilen söwda ykdysady gatnaşyklaryny has-da artdyrýar.

Hytaýyň daşary syýasatynyň esasy ugry Latyn Amerikasynyň, Afrikanyň we Aziýanyň ösýän ýurtlary bilen gatnaşyklary ösdürmekdir. Hytaý özüni hem ösýän ýurtlaryň hataryna goşýar. Ol Afrikanyň we Latyn Amerikasynyň tebigy baýlykla-

ryny agtarmakda we özleşdirmekde esasy hyzmatdaş bolup durýar. Diňe 2011-nji ýylda Hytaý kompaniýalary Latyn Amerikasynyň ýurtlary bilen 54, Afrika döwletleri bilen 69 sany iri geleşige gol çekdiler. Hytaý 2010-njy ýylda Latyn Amerikasy bilen 163 *mlrd* amerikan dollaryna barabar möçberde söwda etdi. Hytaýyň 2010–2012-nji ýyllarda Afrika döwletleri bilen söwdasy 69–200 *mlrd* ABŞ-nyň dollary möçberinde boldy. Her ýyl Hytaý Latyn Amerikasynyň ykdysadyýetine 10 *mlrd* dollarlyk maýa goýumlaryny goýýar. Afrika döwletleriniň 33-siniň bergilerini geçmegi Hytaýyň bu sebitdäki abraýyny has hem ýokary galdyrdy. Ýarym asyrdan bäri Hytaý Afrika saglygy goraýyş işgärlerini zerur kömekleri bermek üçin yzygider ugradýar.

Hytaý goňşy döwletleri bilen gatnaşyklaryna aýratyn ähmiýet berýär. 2010-njy ýylda Hytaý Ýaponiýa bilen 300 *mlrd*, Hindistan bilen 60 *mlrd* ABŞ-nyň dollaryna barabar söwda gatnaşyklaryny etdi. Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary hem Hytaýyň ýakyn gatnaşyk saklaýan sebitidir.

Hytaý Koreýa ýarymadasynyň ýadro ýaragsyz sebit bolmagy ugrunda çykyş edýär. Ol Koreýa Halk Demokratik Respublikasynyň ýadro ýaragyny synag etmelerine garşy çykyş edýär. Hytaý Koreýanyň ýadro ýaragyny edinmegine garşy 2003-nji ýylda başlanan alty döwletiň gatnaşmagyndaky gepleşikleri täzeden dowam etdirmegi talap edýär. Bu gepleşiklere Hytaý, ABŞ, Russiýa, Ýaponiýa, Günorta Koreýa we KHDR gatnaşypdy. Gepleşikler Demirgazyk Koreýa tarapyndan 2004-nji ýylda bes edilipdi. Şol bir wagtyň özünde Hytaý Demirgazyk Koreýany dostlukly ýurt hasaplaýar. Oňa garşy güýç ulanylmagyna garşy çykyş edýär.

**«Bir döwlet – iki gurluş» ýörelgesi.** «*Bir döwlet – iki gurluş*» ýörelgesi boýunça täzeden Hytaýa gaýtaryljak ýerler (*Taýwan, Gonkong, Makao*) 50 ýylyň dowamynda öňki dowam edýän jemgyýetçilik gurluşyny saklamalydy. Başgaça aýtsak, ol ýerler bazar gatnaşyklaryny 50 ýylyň dowamynda saklamaga hukuklydylar. Emma syýasy babatda Hytaýa tabyn bolmalydy.

1997-nji ýylyň 1-nji iýulynda öň Beýik Britaniýanyň baknalyk täsirinde bolan *Sýangan (Gonkong)* Hytaýa gaýtarylyp berildi. Bu ýerde Aýratyn dolandyryş etrabynyň hökümeti döredildi. Hytaý dilinde Sýangan atlandyrylan bu etrap Sýangan ýarymadasyndan, Szýulundan we «täze çäklerden» ybaratdyr. Umumy meýdany 11092 inedördül km bolup, bu ýerde 7 *milliondan* gowrak ilat ýaşaýar. «*Gündogar düri*» adyny alan Sýangan – iň häzirki zaman megapolisi. Ol Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň möhüm halkara maliýe, söwda, port, logistika, syýahatçylyk merkezi. Bütindünýä ykdysady forumynyň 2011-nji ýyldaky Global ösüş hasabatnamasynyň maglumatlaryna görä, Gonkong dünýäniň iň ösen maliýe bazary diýlip yglan edildi.

1999-njy ýylyň 20-nji dekabrynda *Aomen (Makao)* Hytaýa gaýtarylyp berildi. Ol 1553-nji ýyldan bäri Portugaliýanyň bakna mülki bolupdy. «Bir döwlet – iki gurluş» ýörelgesi boýunça Sýangan we Aomen köp babatda erkinligini saklaýar.

Hytaýa degişli bolan *Taýwan adasy* 1590-njy ýylda portugallar tarapyndan basylyp alnypdy. Simonoseku şertnamasyna (1895) görä, Ýaponiýa Taýwany Hytaýdan bölüp aýrypdy. 1949-njy ýylda Hytaýda halk rewolýusiýasy ýeňenden soň, gomindançylar Taýwana gaçyp, ol ýerde «*Hytaý Respublikasyny*» jar etdiler. 1949–1971-nji ýyllar aralygynda Taýwan hökümeti kanuny däl ýagdaýda BMG-de Hytaýa wekilçilik etdi. 1971-nji ýylyň oktýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 26-njy sessiýasynda kabul edilen №2758 rezolýusiýa BMG-de Taýwanyň wekilçiligini ýatyryp, HHR-iň kanuny hukugyny we wekilçiligini dikeltdi. HHR Taýwany we oňa ýanaşýan adalary bitewi we bölünmeýän Hytaýyň bölegi hasaplaýar. Emma resmi taýdan «Hytaý Respublikasy» diýlip atlandyrylýan Taýwanyň ýolbaşçylary ony özbaşdak döwlet hasaplaýarlar we BMG-niň agzalygyna dalaş edýärler.

Den Sýaopiniň teklibi bilen 1979-njy ýyldan başlap, «*Bir döwlet – iki gurluş*» ýörelgesiniň esasynda Taýwany Hytaýa birikdirmek hereketi başlandy. 1985-nji ýylda Çan Kaýşiniň ogly Szýan Szingo HHR bilen resmi diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlandygyny yglan etdi. 1987-nji ýylda Taýwanda harby düzgün ýatyryldy. 1988-nji ýylda Szýan Szingo aradan çykansoň, Li Denhueý Taýwanyň prezidenti boldy. Onuň döwründe taýwan-hytaý gatnaşyklary birneme kadalaşdy. Iki tarapda ýaşaýan garyndaş maşgalalara görme-görşe barmaga rugsat berildi. 1992-nji ýylda Taýwany parahatçylykly ýagdaýda Hytaýa birikdirmek barada gepleşikler başlandy. Emma 1999-njy ýylda Taýwanyň prezidenti Li Denhueýiň: «*HHR we Taýwan Taýwan bogazynyň kenaryndaky iki döwletdir*» diýip tassyklamagyndan soňra kesildi. Emma Taýwany parahatçylykly birleşdirmek meselesi XXI asyryň ilkinji onýyllygynda çözülmedi.

2000-nji ýylyň 18-nji martynda geçirilen saýlawlaryň netijesinde Taýwanda demokratik güýçler ýeňiş gazandy. Gomindan partiýasy häkimiýetden çetleşdi. Emma häkimiýete gelen prezident Çen Şuýbýan Taýwanyň özbaşdaklygynyň tarapdarydyr. Umuman, Hytaý daşary syýasatda ýurduň bitewüligini saklap galdyrmak syýasatyny ýöredýär. HHR diňe Taýwany Hytaýyň aýrylmaz bölegi diýip ykrar edýän döwletler bilen gowy gatnaşyk saklaýar.

**Hytaýyň energetika diplomatiýasy.** Hytaý gaz gorlaryna garyp döwlet däldir. Onuň barlanan tebigy gaz gorlarynyň 70%-e golaýy ýurduň günbatarynda ýerleşendir. Häzirki wagtda Syçuan welaýaty hem-de Sinszýan Uýgur awtonom welaýaty, Günorta Hytaý deňziniň kontinental şelfi Hytaýyň esasy gaz alynýan sebitleridir. Hytaý geljekde energetika serişdelerine islegiň has artjakdygyny, ony diňe özüniň däl, eýsem, daşary ýurtlardan gelýän çig malyň hasabyna kanagatlandyrmaly boljakdygyny göz öňünde tutup, şu günden onuň aladasyny edýär. Russiýa Federasiýasy bu goňşusy bilen serhediň günbatar hem-de gündogar böleklerinde täze gaz geçirijisini gurmaklygy göz öňünde tutýar. Hytaý Pars aýlagy hem-de Ýuwaş ummany sebitindäki ýurtlardan gysylan tebigy gazy import edýär.

Hytaý öz energetika diplomatiýasynda Merkezi Aziýa sebitiniň çig malyna uly gyzyklanma bildirýär. Bu gyzyklanma XXI asyryň başynda hasam artdy. Hytaý ykdysadyýetiniň batly depginler bilen ösýän şertlerinde Pekin Merkezi Aziýa sebitiniň energiýa serişdelerine kepillendirilen rugsady almaga, ozaly bilen onuň ygtybarly tranzitine gyzyklanýar. Üstesine, Merkezi Aziýa hytaý harytlary üçin möhüm bazardyr. Hytaý bu sebit bilen söwdasyny «taýýar önümiň öwezine çig mal» diýen formula boýunça alyp barýar. 2001–2007-nji ýyllarda Hytaýyň Merkezi Aziýa sebiti bilen söwda dolanyşygy 11 esse artyp, 16 *mlrd* dollara ýetdi. Sebitiň döwletleri Hytaýa energiýa çeşmesini, himiýa we dokma çig mallaryny, gara we reňkli metallary, Hytaý bolsa halkyň sarp edýän harytlaryny eksport edýär. Hytaý 2008-nji ýylda bu sebite 11 *mlrd* dollar maýa goýdy, 3 *mlrd* dollar kredit berdi. Hytaý nebite bolan isleginiň bir bölegini Gazagystandan satyn alýan nebitiniň hasabyna kanagatlandyrýar. Gazagystandan Hytaýa çenli uzynlygy 1000 km bolan nebit geçirijisi guruldy.

**Hytaý bilen Türkmenistanyň dostlukly gatnaşyklary.** 1991-nji ýylyň 27-nji dekabrynda Hytaý Türkmenistanyň garaşsyzlygyny ykrar etdi. 1992-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda iki döwletiň arasynda ilçileriň derejesinde diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy. 1992-nji ýylda Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň Hytaýa ilkinji, 1998-nji ýylda ikinji, 2006-njy ýylda üçünji resmi sapary boldy.1994-nji ýylda HHR-iň Döwlet geňeşiniň başlygy Li Peniň Türkmenistana resmi sapary boldy. 2000-nji ýylyň 5–7-nji iýuly aralygynda HHR-iň şol wagtky başlygy Szýan Szeminiň Türkmenistana resmi sapary boldy. Bu resmi duşuşyklarda hytaý-türkmen gatnaşyklarynyň möhüm ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Iki döwletiň hökümetleriniň arasynda Türkmenistan–Hytaý gaz geçirijisiniň taslamasyny durmuşa geçirmek we Türkmenistandan Hytaý Halk Respublikasyna tebigy gazy satmak hakyndaky Baş Ylalaşyga gol çekildi.

Hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-hytaý hökümetara komitetiniň mejlisleri yzygider geçirilýär. Olaryň gün tertibine bar bolan ylalaşyklary durmuşa geçirmäge we netijeli hyzmatdaşlygy has-da ösdürmäge degişli meseleleriň giň topary girizilýär. Işewürler maslahatlary hyzmatdaşlygy giňeltmegiň möhüm usullarynyň biridir.

2007-nji ýylyň 17–18-nji iýulynda HHR-iň başlygy Hu Szintaonyň çagyrmagy boýunça Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Hytaýda döwlet saparynda boldy. Hytaýyň gülläp ösýändigini ýene bir gezek gören hormatly Prezidentimiz ýurduň ösüşi barada şeýle diýýär: «Men her gezek siziň ýurduňyza gelenimde şäherleriň keşbinde ägirt uly özgertmeleri görýärin. Täze gurlan owadan uly-uly ymaratlar, häzirki zaman transport ulgamy, dükanlar – bularyň barysy siziň halkyňyzyň hal-ýagdaýynyň, ýaşaýyş-durmuş derejesiniň örän çalt ösýändigine şaýatlyk edýär». Saparyň barşynda iki dost-dogan ýurduň döwlet ýolbaşçylary «Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny mundan beýläk-de pugtalandyrmak we ösdürmek hakynda bilelikdäki Jarnama» gol çekdiler. Söwda, ykdysady we gumanitar ugurlarda hyzmatdaşlygy pugtalandyrma-

ga degişli ylalaşyklar baglaşdylar. Her ýylda Türkmenistanly 30 talybyň Hytaýyň ýokary okuw jaýlarynda okadylmagy barada ylalaşyldy. Hytaý Türkmenistany özüniň ygtybarly hyzmatdaşy hasaplaýar we hytaý-türkmen dostlugy ýyl-ýyldan ösýär.

2008-nji ýylyň 8–9-njy awgustynda Pekinde XXIX tomusky Olimpiýa oýunlarynyň açylyş dabarasyna gatnaşmak üçin HHR-de saparda bolanynda hormatly Prezidentimiz hytaý kompaniýalarynyň birnäçesiniň ýolbaşçylary bilen işewür duşuşyklary geçirdi.

2008-nji ýylyň 28–29-njy awgustynda HHR-iň Başlygy Hu Szintaonyň Türkmenistana resmi sapary hem ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň mümkinçiligini artdyrmakda uly ähmiýete eýe boldy. Iki döwletiň arasyndaky syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklaryň ösdürilmegine goşan aýratyn goşandy üçin Hu Szintao Türkmenistanyň ýokary ordeni – «*Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy*» ordeni bilen sylaglanyldy.

HHR-iň Başlygy Hu Szintaonyň 2009-njy ýylyň 13-nji dekabrynda Aşgabada iş sapary mahalynda geçirilen ikitaraplaýyn gepleşikleriniň nobatdaky tapgyrynyň netijesinde türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň resmi-hukuk binýadynyň üsti ýetirildi. Olaryň arasynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda girdejilere iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak we salynýan salgytdan boýun gaçyrmagyň öňüni almak hakyndaky Ylalaşyk; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda aragatnaşyk ulgamlarynyň durkuny täzelemegiň taslamasyny amala aşyrmak üçin Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Hytaýda öndürilen ýolagçy wagonlaryny satyn almak üçin HHR-iň Türkmenistana ýeňillikli karz bermegi hakyndaky Hökümetara çarçuwaly ylalaşyk; Türkmenistanyň Hökümetiniň we HHR-iň «LENOVO» korporasiýasynyň arasyndaky Ähtnama; Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi bilen Hytaýyň «Huawei Tecnologies Co Ltd» kompaniýasynyň arasyndaky Täjirçilik şertnamasy; Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bilen Hytaýyň Eksport-import bankynyň arasynda aragatnaşyk ulgamlarynyň durkuny täzelemegiň taslamasynyň üçünji tapgyryny amala aşyrmak üçin hökümetiň ýeňillikli karz bermegi hakyndaky Karz ylalaşygy; Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bilen Hytaýyň Eksport-import bankynyň arasynda demir ýol ýolagçy wagonlaryny satyn almagyň taslamasynyň ikinji tapgyryny amala aşyrmak üçin, hökümetiň ýeňillikli karz bermegi hakynda Karz ylalaşygy bar.

Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk strategik ähmiýete eýe bolup, ol özüniň köp ugurlydygy bilen tapawutlanýar. 2000--nji ýyl bilen deňeşdirilende, 2009-njy ýylyň ahyrynda iki ýurduň arasynda haryt dolanyşygy 40 essä golaý artyp, 1,5 *milliard* amerikan dollaryna deň boldy. Türkmenistanda HHR-e eksport edilýän harytlaryň esasy bölegini oba hojalyk, himiýa we dokma pudaklarynyň önümleri düzýär. Hytaýdan Türkmenistana metaldan ýa-

salan önümler, ulag serişdeleri, elektrik harytlary, ýeňil senagat önümleri, hojalyk harytlary, gurluşyk materiallary, azyk we beýleki önümler getirilýär.

Eger 2006-njy ýylyň başyna çenli Türkmenistanda Hytaý kompaniýalarynyň gatnaşmagynda umumy möçberi ABŞ-nyň 382,6 *million* dollaryna we 360 *million* hytaý ýuanyna barabar bolan maýa goýum taslamalarynyň 37-si hasaba alnan bolsa, 2010-njy ýylyň 1-nji maýyndaky ýagdaýa görä, ýurdumyzda hytaý maýasynyň gatnaşmagynda umumy bahasy 4 *milliard* 163 *million* amerikan dollaryndan we 2,5 *milliard* 328 *million* ýuandan gowrak maýa goýum taslamalarynyň 57 sanysy hasaba alnypdy. 2011-nji ýylyň 10 aýynyň jemi boýunça iki ýurduň arasyndaky haryt dolanyşygynyň möçberi 3 *milliard* 500 *million* amerikan dollaryndan geçdi. Şol döwürde hytaý maýasynyň gatnaşmagynda Türkmenistanda 37 kärhananyň işläp, umumy bahasy 4 *milliard* 500 *million* amerikan dollaryna golaý bolan we 2 *milliard* ýuandan gowrak bolan 66 maýa goýum taslamasy hasaba alyndy. 2007–2013-nji ýyllar aralygynda iki ýurduň arasynda haryt dolanyşygy 20 esse artdy. 2013-nji ýylyň netijesi boýunça ol görkeziji 10 *milliard* amerikan dollaryna deň boldy.

Hytaýyň gatnaşmagyndaky taslamalar, esasan, nebit-gaz we ulag ulgamlarynda, telearagatnaşyklar pudagynda, ýeňil senagatda we oba hojalygy pudaklarynda işe girizildi. Iki döwletiň arasyndaky işjeň hyzmatdaşlygy ösdürmäge Türkmenistanyň çäklerinde hytaý düýpli maýalaryny ulanyp, hereket edýän kärhanalaryň ençemesi özleriniň goşandyny goşýar. Olar nebit-gaz pudagynda, ulag, saglygy goraýyş, lomaý-bölek söwda we jahankeşdelik ulgamlarynda ulanylýan enjamlary ibermegi hem-de olara hyzmat etmegi amala aşyrýarlar. Türkmenistanyň nebit-gaz toplumynda, dokma önümçiliginde, gurluşykda, ulag-kommunikasiýa ulgamynda türkmen-hytaý gatnaşyklary barha giň gerim alýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen örän gysga wagtda – iki ýyldan sähel gowrak wagtda gurlan Türkmenistan–Hytaý gaz geçirijisi 2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda Özbegistanyň, Gazagystanyň, Hytaýyň döwlet baştutanlarynyň gatnaşmagynda ulanmaga berildi. 2011-nji ýylda türkmen gazynyň 18 *milliard* kubmetri Hytaýa eltildi. Hormatly Prezidentimiziň 2011-nji ýylyň 22–25-nji noýabrynda HHR-e bolan döwlet saparynyň barşynda ýakyn geljekde Hytaýa bir ýylda iberiljek türkmen tebigy gazynyň möçberini 65 *milliard* kubmetre ýetirmek barada ylalaşyk gazanyldy. 24-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz *Şençžen* şäherinde Hytaýyň 100 *million* ilatly günorta-gündogar welaýaty bolan Guanduna türkmen gazynyň berilmegine bagyşlanan çärä gatnaşdy. Şeýlelikde, türkmen mawy ýangyjy Amyderýanyň kenaryndan Hytaýyň 15 sany welaýatynyň üstünden 8700 kilometrden gowrak aralygy geçip, Ýuwaş ummanynyň kenaryna golaýlady. 2011-nji ýylda «Türkmengaz» döwlet konserniniň hem-de Hytaýyň «Petro China» kompaniýasynyň we HHR-iň Döwlet ösüş bankynyň arasynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk boýunça ylalaşyga gol çekildi. Hytaý tarapyndan berlen ABŞ-nyň 4,1 *mlrd* dollary möçberindäki ýeňillikli karz Mary welaýatyn-

da ýerleşen Galkynyş ýatagyny senagat taýdan özleşdirmäge gönükdirildi. 2013-nji ýylyň 3–4-nji sentýabrynda Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň Türkmenistana bolan döwlet saparynyň çäklerinde iki ýurduň baştutanlarynyň gatnaşmagynda bu ýerde gurlan ilkinji zawodlar toplumy dabaraly açylyp, ulanmaga berildi. Ol ýylda 30 *milliard* kub metr harytlyk gazy öndürmäge mümkinçilik berýär. Şonda iki ýurduň Hökümetleri tarapyndan «Türkmenistan – Hytaý» gaz geçirijisiniň 4-nji şahasyny gurmak barada hem ylalaşyldy. Ol öňki ugurdan tapawutlylykda, Özbegistanyň, Täjigistanyň, Gyrgyzystanyň üsti bilen Hytaýa barar.

Hytaý hünärmenleri ýüpekçilik pudagyny döwrebaplaşdyrmakda türkmen kärdeşlerine ýakyndan ýardam berýärler. Hökümetara ylalaşyklaryna laýyklykda, 2001–2006-njy ýyllarda bu pudaga 125 *mln* hytaý ýuany (ABŞ-nyň 15 *mln* dollaryna golaý) bölünip berildi. Şonuň 70 *milliony* göterimsiz karz, 55 *milliony* gaýtaryp bermesiz grant görnüşindedir. Hytaýly hünärmenleriň kömegi bilen Maryda ýüpek gurçugynyň tohumyny taýýarlaýan zawod guruldy. Türkmenabadyň ýüpek önümçilik birleşigi we Aşgabadyň ýüpek kelepleýji fabrigi hytaý hünärmenleriniň gatnaşmagynda döwrebaplaşdyryldy. 2008-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda ozalky Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynda Hytaýyň «Jum Şuý» kompaniýasynyň we «5M Inşaat» türk kompaniýasynyň gatnaşmagynda gurlan panbarhat fabrigi ulanmaga berildi.

Hytaýyň «Huawei» kompaniýasy Türkmenistanda öýjükli telefon aragatnaşygy ulgamyny kämilleşdirmekde uly taslamalary amala aşyrdy.

Demir ýol ulgamynda hem Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda giň gerimli hyzmatdaşlyk alnyp barylýar. Hytaýyň «Capital-Longji Sci tech Co-Ltd» kompaniýasy bilen «Türkmendemirýollary» ministrliginiň arasynda baglaşylan, umumy bahasy ABŞ-nyň 128,6 *million* dollaryna barabar şertnama laýyklykda, Hytaýdan teplowozlar, ýolagçy wagonlary, ýapynjalary ýuwýan tehnikalar satyn alyndy. Hytaýdan alnan täze teplowozlar öňki ulanylyp gelnen teplowozlardan iki esse güýçlüdir. Teplowozlarda ony sürüjiler üçin ähli amatlyklar döredilen. Satyn alynýan ýük wagonlary-da öňkülere garanyňda has amatly. Hytaýdan satyn alnan teplowozlar we wagonlar Aşgabat–Türkmenbaşy, Aşgabat–Garagum–Daşoguz, Aşgabat–Kerki aralygynda gatnaýar.

2010-njy ýylyň 30-njy apreli – 2-nji maýy aralygynda hormatly Prezidentimiziň Hytaý Halk Respublikasyna döwlet sapary boldy. Hormatly Prezidentimiziň Hytaýa Şanhaýda geçirilen Bütindünýä «EKSPO – 2010» Sergisiniň açylýan günlerinde bolan bu sapary türkmen we hytaý halklarynyň müňýyllyklardan gözbaş alýan gadymy gatnaşyklaryna täzeden badalga berdi.

Türkmenistanda dostlukly Hytaý döwletiniň dilini, medeniýetini, taryhyny öwrenmäge bolan gyzyklanma uly. 1994-nji ýyldan bäri D.Azady adyndaky TMDDI-de hytaý dili boýunça hünärmenler taýýarlanýar. Magtymguly adyndaky TDU-da hem hytaý dili hünäri bar. Türkmenistanyň DIM-niň Halkara gatnaşyklary insti-

tutynda geljekki halkara gatnaşyklary boýunça hünärmenlere hytaý dili öwredilýär. Ýurdumyzyň «Türkmenistan» teleýaýlymynyň gepleşikleri dünýä boýunça 7 dilde ýaýlyma berlip, olaryň arasynda hytaý dili hem bar. Hytaýyň uniwersitetlerinde hem türkmen dilini öwrenmäge bolan gyzyklanma has uludyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly ensiklopedik işi, «Ganatly bedewler» we «Türkmenistan – melhemler mekany» atly kitaplary, «Döwlet guşy» romany hytaý diline terjime edildi. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary Hytaý Halk Respublikasynyň Çžuhaý şäherinde Sirk sungatynyň II halkara festiwalyna gatnaşyp, ýeňiji diýlip ykrar edildi hem-de festiwalyň iň ýokary baýragy bolan Gran-pri Altyn Kubogyna mynasyp boldy.

Iki ýurduň sebitleriniň arasynda dostluk gatnaşyklary hem ösüşe eýe boldy. HHR-iň Şandun we Şensi welaýatlary bilen Türkmenistanyň Lebap we Ahal welaýatlarynyň arasynda, şeýle hem Sian we Mary şäherleriniň arasynda doganlyk gatnaşyklary pugtalandyrylýar. 2015-nji ýylyň oktýabrynda Mary welaýatynyň dolandyryş merkezinde Hytaýyň Sian şäheriniň Medeniýet hepdeligi geçirildi. 2014-nji ýylda Pekinde Türkmenistanyň Medeniýet günleri uly üstünlik bilen geçirildi. Şeýle çäreleriň çäklerinde Aşgabat iki gezek Hytaýyň medeni wekiliýetini kabul etdi.

2014-nji ýylyň maý aýynda Hytaýa resmi sapary mahalynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa «Pekiniň adaty hytaý lukmançylygy uniwersitetiniň Hormatly professory» diýen at dakyldy.

♦ Hytaýlylar öz ýurduny **Çžungo** diýip atlandyrýarlar. **Çžungo – Ortadaky döwlet** manysyny berýär. Hytaý ady ýurduň demirgazygynda ýaşan kidan taýpasynyň adyndan galandyr diýlip çaklanylýar. Türkmenler kidanlara garahytaýlar diýipdirler.

♦ **Salyrlar** Hytaýa 1370-nji ýylda göçüp barypdyrlar. Olar Sinhaý welaýatynyň Günorta-Gündogar böleginde, Huanhe derýasynyň sag kenarynda ýaşaýarlar. Olaryň köpçülikleýin ýaşaýan ýerinde Salar awtonom uýezdi döredilipdir. Onuň merkezi şäheri Sýunhuadyr. Salyr awtonom uýezdinde 110 *müň* çemesi salyr türkmenleri ýaşaýarlar.

♦ 1937-nji ýyldan başlap 1945-nji ýyla çenli Ýaponiýa Hytaýyň 80% çägini basyp aldy. Parahat oturan raýatlaryň 25–26 *milliony* wepat boldy.

♦ Gonkong 1898-nji ýylda Angliýa tarapyndan 99 ýyllyk kärendesine alnypdy. Hytaý hökümeti 1984-nji ýylda şol şertnamanyň möhletiniň 1997-nji ýylda tamamlanýandygyny iňlis hökümetine ýatladyp, degişli ylalaşygy baglaşdylar.

♦ Hytaýda partiýa elitasy her 20 ýyldan täzelenýär. Häzirki wagtda HHR-de 5-nji syýasy nesil dolandyryşda.

♦ **Konfusiý institutlary** – Hytaý hökümeti tarapyndan dünýäniň dürli ýurtlarynda hytaý medeniýetine, diline, däp-dessurlaryna söýgi döretmek maksady bilen döredilen düzüm. Olary goldamak üçin, HHR millionlap dollar harçlaýar.

♦ 2008-nji ýylyň dünýä maliýe-ykdysady çökgünliginden soň ABŞ Hytaýa 1 *trln* 300 *mlrd* dollar bergilidir. Ol ABŞ-nyň ýyllyk býujetinden hem ýokarydyr.

♦ Hytaý dünýäde ýarymgeçirijileri we mikroprosessorlary iň iri import ediji ýurtdur. 2005-nji ýylda Hytaý bu harytlaryň 90 *mlrd* dollardaky möçberini satyn aldy. Ol dünýädäki ýarymgeçirijileriň 40%-idir.

♦ 2010-njy ýylda Hytaý 18,26 *mln* awtoulag öndürip, dünýä awtoulag öndürijileriniň kerwenbaşysy bolan ABŞ-dan we Ýaponiýadan hem öňe geçmegi başardy. China Economic Net agentliginiň maglumatyna görä, 2016-njy ýylda Hytaýda awtoulaglaryň satylyşy 28,03 *milliona* ýetdi. Ol 2015-nji ýyldakydan 13,7% köp boldy.

♦ 2015-nji ýylda HHR Saud Arabystanyndan nebiti eksport etmekde ABŞ-dan öňe geçdi.

♦ **Çaýna-taunlar** – dünýäniň iri şäherlerindäki hytaý kwartallary. Diňe ABŞ-da 17 *mln* hytaýly ýaşaýar. Hytaý hökümeti daşary ýurtlarda ýaşaýan hytaý diasporasyny goldamak we hemmetaraplaýyn höweslendirmek syýasatyny ýöredýär.

♦ **«Dünýä açylan penjire» atly tematiki seýilgähi** 1994-nji ýylda Şençžen şäherinde açyldy. Bu ýerde 48 gektar meýdanda dünýäniň ençeme ýurtlarynda binagärlik täsinlikleriniň 130 sanysynyň göçürme nusgalary ýerleşdirilendir. Olaryň iň irisi Eýfel diňiniň 108 metrlik nusgasydyr. Bu ýerde Täçmahalyň we Müsür piramidalarynyň nusgalary hem bar.

♦ **2008-nji ýylda UNESCO Şençžene «Dizaýnyň şäheri» diýen ady berdi.** Şäher 631 sany kitaphanasy bilen «kitaphanalar şäheri» adyna hem mynasyp boldy.

♦ **Gonkong «Hoşboý ysly aýlag»** manysyny berýär. Hytaý dilinde **Sýangan** atlandyrylan **Gonkong** Sýangan ýarymadasyndan, Szýulundan we «täze çäklerden» yabaratdyr.

♦ Dünýädäki ykjam telefonlaryň 70%-i, personal kompýuterleriň 80%-i Hytaýda öndürilýär.

♦ Dünýädäki 10 sany iri portuň 6-sy Hytaýdadyr.

♦ 2006-2012-nji ýyllarda Hytaý hökümeti ýokary tizlikli demir ýollary gurmaga 340 mlrd ABŞ dollaryny harçlady. 2018-nji ýylda dünýäniň iň ýokary tizlikli demir ýollarynyň 66%-i Hytaýdady.

♦ **Li Kuan Ýu:** «Den Sýaopin beýik adam. Sebäbi ol Hytaýy özgertdi. Ony SSSR ýaly dargap biläýjek, bili omrulan döwletliginden halas etdi. Indi bir serediň-ä – Hytaý bu günki günde dünýäniň iň iri ykdysadyýeti derejesine dalaş edýär».

♦ **Den Sýaopin** 1919-njy ýylda ýaňy 15 ýaşly ýetginjek mahaly Fransiýa okuwa gitmekçi bolanda, kakasy ondan Fransiýada näme öwrenmekçidigini soranda ol öz mugallymynyň sözleri bilen jogap beripdir: – **Men Hytaýy saklap galmak üçin Günbataryň bilimlerini öwrenmäge gidýärin.** Fransiýada günemasyny görmek üçin okuwynyň daşyndan Reni zawodynyň metal guýujy ussahanasynda, restoranlaryň aşhanasynda işläpdir. Fransiýada marksizm taglymaty bilen tanşypdyr.

♦ Den Sýaopiniň özgertmeleri SSSR-de M.Gorbaçýowyň başlangyjy bilen başlanan üýtgedip gurmakdan düýpli tapawutlanýar – SSSR-de özgertmeler ýokardan başlandy, ol Gorbaçýowyň şahsy başlangyjydy. Hytaýda bolsa tersine – özgertmeler aşakdan halk tarapyndan başlandy, ýokardan hökümet tarapyndan goldanyldy.

♦ **Den Sýaopin: – Pişigiň reňkiniň ak ýa garadygy möhüm däl, iň esasy onuň syçan tutujylygy.** 1961-nji ýylda Guançžouda aýdan bu sözi soňra onuň «Hytaý özboluşlylygy bilen sosializm» ideologiýasynyň özenini häsiýetlendirmek üçin ulanyldy. Geçen asyryň

ahyrlarynda hususy eýeçiligi dikeltmekde aýyplajak bolanlarynda, Den Sýaopin eýeçiligiň haýsy görnüşi bolsa-da, Hytaýy ösdürip biljek bolsa, ulanmalydygy hakda ýokarky deňeşdirmesini mysal getiripdir.

♦ **Den Sýaopin:** – Häzirki wagtda biz ykdysady açyklyk syýasatyny ýöredýäris. Ykdysadyýetimizi ösdürmäge ýardam berjek daşary ýurt maýa goýumlaryny we öňdebaryjy tehnologiýalary çekmäge synanyşýarys. Emma ösen ýurtlardan şol zatlary alaýmak – aňsat iş däl. Emma ol ýerdäki käbir adamlaryň egniniň üstünde ozalkysy ýaly kolonialistler döwrüniň kellesi dur. Olar biziň ölüm pellämizi dileýär ýa-da biziň ösmegimizi islemeýärler.

***1982-nji ýylyň maýynda Liberiýanyň baştutany bilen söhbetdeşlikde aýdanlaryndan.***
**Çeşme:** Китай в мировой политике. – М.,2001, с.44.

♦ **Den Sýaopiniň «Üç dünýä» taglymaty:**
♦ **1-nji dünýä** – ABŞ we SSSR;
♦ **2-nji dünýä** – Aziýanyň, Afrikanyň we Latyn Amerikasynyň ösýän ýurtlary;
♦ **3-nji dünýä** – şol iki dünýäniň arasyndaky beýleki ösen ýurtlar.

***Den Sýaopiniň 1974-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň VI ýörite sessiýasynda eden çykyşyndan.***
**Çeşme:** Ženmin žibao. 1974, 11 apr.

**Hu Szintaonyň HHR-iň raýatlary üçin 8 sany nesihaty (2006 ý.):**
1) Watanyňy söý, ony harlama;
2) Halka gulluk et, oňa ikilik etme;
3) Ylmyň yzyna eýer, nadan bolma;
4) Yhlasly bol, ýaltalyk etme;
5) Aladaçyl, rehimli bol, her kese kömek et, başganyň hasabyna baýama;
6) Dogruçyl we akýürekli bol, baýlyk üçin ýörelgäňden ýüz öwürme;
7) Düzgün-nyzamly we kanuna gulak asyjy bol, özakymlaýynlyga we kanuny äsgermezlige milt ediji bolma;
8) Sada ýaşa, yhlasly zähmet çek, elpe-şelpelige, keýpi-sapa berilme.

**Si Szinpiniň sözlän sözlerinden bölekler:**

♦ Hytaýyň dünýäni has çuň öwrenmegi zerur, öz gezeginde dünýä hem Hytaý bilen içgin tanyşmalydyr.

♦ Hytaý özboluşlylygy bilen sosializm ýoly – Hytaýda sosialistik döwrebaplaşmagy we halk üçin bagtyýar durmuşy döretmegiň gutulgysyz ýoludyr.

♦ Täzeçillik milli ösüşiň ruhudyr, döwletiň gülläp ösmeginiň egsilmez çeşmesidir.

♦ Bilim almak adamyň ösüşiniň we öz-özüni kämilleşdirmeginiň hemişelik temasydyr, Watana hem-de halka hyzmat etmek baradaky arzuwlaryňy amala aşyrmagyň serişdesidir. Ynsan bu arzuwyny amala aşyrmagy bilim almakdan, işine bolsa tejribelikden başlamalydyr.

♦ Akyldarlara sarpa goýmak döwlet dolandyryşynyň özenidir.

♦ Hytaý ykdysadyýetinde ösüş üçin uly mümkinçilikler bar. Hytaýda adalatly bazar şertleri bar. Hytaýyň açyk gapylary ýapylmaz. Hytaýyň ösüşi tutuş dünýä, ilkinji nobatda bolsa, goňşulary üçin amatly.

♦ Ýurduň medeniýetiniň «ýumşak güýjüni» güýçlendirmek üçin biz häzirki zaman Hytaýyň gymmatlyklaryny ýaýratmaklyga ymtylmalydyrys.

♦ **Hytaý arzuwy** – bu orta gurply jemgyýeti hemmetaraplaýyn gurmakdyr, hytaý milletiniň beýik galkynyşyny amala aşyrmakdyr. Munuň özi her bir hytaýlynyň hytaý arzuwyny amala aşyrmagyň barşynda öz arzuwyny amala aşyryp bilmegi diýmekdir, hytaý halkynyň hakyky arzuwy parahatçylygyň we adamzadyň ösüşiniň hatyrasyna has köp goşant goşmak islegidir.

♦ Her döwrüň öz ruhy bolýar. Her döwrüň öz gymmatlyk ulgamy bolýar. Dört sany esasy hytaý gowy gylyklary – sypaýyçylyk, jogapkärçilik duýgusy, aramlyk we wyždanlylyk. Watançylyk, öz işiňe berlenlik, dogruçyllyk we dostanalyk – bular raýatlara bildirilýän gymmatlyklaryň talabydyr.

♦ Garyplygy ýok etmek, ilatyň durmuş derejesini gowulandyrmak we umumy orta gurply ýaşaýyş derejesini gazanmak – sosializmiň özeniniň mazmunynyň talaplary şundadyr.

♦ Hytaý milleti parahatçylygy söýýär. Urşuň öňüni almak we parahatçylygy üpjün etmek – täze taryh döwründen başlap, hytaý halkynyň iň düýpli we çuňňur islegidir.

♦ **Taryh – iň oňat mugallym.** Ol her bir ýurduň äden ädimini hakyky bolşy ýaly ýazýar, şeýle hem her bir ýurda geljekki ösüşi barada ýol görkezýär. Taryh bize şuny öwredýär: **Döwlet ösmek hem-de güllemek islese, taryhyň akymyna düzülmeli, onuň ugruna gitmeli, ýogsam, ol taryh tarapyndan kenara zyňlar.**

♦ Hytaý ýurtlaryň uly we kiçi, güýçli we gowşak, baý we garyp ýurtlara bölünmeýändigine, olaryň ählisine deň garamalydygyna pugta ynanýar. Hytaýda «aýakgabyň saňa laýykdygyny diňe aýagyňa geýeniňde bilersiň» diýen gürrüň bar. Diýmek, **ýurduň halkyndan başga hiç kim ýurt üçin saýlanyp alnan ýoluň dogrudygy hakda ses bermek hukugyna eýe bolup bilmez.**

**Çeşme:** *Си Цзинпин.* О государственном управлении. –Пекин, 2014., с.6, 11, 69, 81-82, 85, 158-160, 224-225, 234, 261, 337, 361-362, 369-370.

♦ **«XXI asyr Hytaý siwilizasiýasynyň asyry bolar!»** – hytaýlylaryň özüniň bu çaklamasy näderejede hakykata laýyk gelýär? Ony mysallaryň üsti bilen delillendirmäge synanyşyň.

**Resminamalar we goşmaça maglumatlar:**

**Den Sýaopiniň 1994-nji ýylyň 30-njy iýunynda sözlän sözünden**

XX asyryň ahyryna çenli biz orta gurply durmuş derejesini üpjün etmegi maksat edinýäris. Şol wagt Hytaýyň ilaty 1 *mlrd* 200 *mln* adama ýeter. Jemi milli önüm 1 *trillion* amerikan dollaryna barar.

Kapitalistik usul bilen paýlaýyşda bu summa biziň ýurdumyzy garyplykdan we yzagalaklykdan halas etmez. Başgaça aýdylanda, ilatyň az bölegi barly bolup, galan 90%-i garyplara we mätäçlere öwrüler.

Sosialistik usul bilen paýlananda bolsa, tutuş halkyň durmuş derejesi ortaça ýaşaýyş derejesine ýeter. Ine, näme üçin biz sosializme berk eýerýäris. **Hytaýda sosializmsiz ortaça ýaşaýyş derejeli jemgyýeti gurup bolmaz.**

**Çeşme:** *Загладин Н.В.* Всеобщая история.
XIX – начало XXI в. –М, 2009, с.343.

# XII BAP. ÝAPONIÝA XX ASYRYŇ II ÝARYMYNDA – XXI ASYRYŇ BAŞLARYNDA

***Ýaponiýa*** *– Gündogar Aziýada ýerleşen adalar döwleti. Ýurduň ady ýaponça «Nihon», «Nippon» – «Günüň dogýan ýurdy» diýmegi aňladýar. Goňşulary Russiýa, HHR, KHDR we Koreýa Respublikalary. Tutýan meýdany – 377 944 müň inedördül km (dünýäde 61-nji ýerde). 2018-nji ýylyň maglumatlaryna görä ilatynyň sany 126,2 mln-a golaý adam (dünýäde 10-njy ýerde). Paýtagty – Tokio şäheri.*









**Ýaponiýa dikeldiş ýyllarynda.** Ýaponiýanyň Ikinji Jahan urşunda ýeňilmegi ýapon halky we bu ýurduň geljegi üçin bähbit boldy. Ýaponiýanyň taryhynda ykbal kesgitleýji öwrülişik başlandy. Ýapon ykdysadyýetiniň harbylaşdyrylmagynyň soňuna çykyldy. Ýaponiýanyň dolandyryjy toparlary tarapyndan saýlanyp alnan Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň we Hytaýyň halklaryny ezmek syýasaty puja çykdy.

Uruş gutaransoň Ýaponiýany birnäçe wagtlap amerikanlar dolandyrdy. «Sowuk uruş» syýasatynyň başlanmagy-da Ýaponiýa üçin amatly boldy. Edil Germaniýa babatda bolşy ýaly, ABŞ özüniň Ýaponiýa bolan duşmançylykly gatnaşygyny üýtgetdi: ol onuň duşmanyndan SSSR-e garşy göreşinde esasy daýanjyna öwrüldi. «Sowuk uruş» syýasatynyň başlanmagy Ýaponiýanyň ykdysady taýdan galkyn-

magyna itergi berdi. ABŞ Ýaponiýany özüniň Uzak Gündogarda esasy garşydaşy SSSR-e garşy daýanjyna öwürmek isleýärdi.

ABŞ-nyň kömegi bilen ýapon ykdysadyýeti dikeldildi. Uruşdan soňky ýyllarda ýapon ykdysadyýetini dikeltmekde-de ABŞ-nyň täsiri uludyr. ABŞ uruşdan soň, 1945–1952-nji ýyllarda Ýaponiýadan goşunlaryny çykarman, ýurdy iş ýüzünde özi dolandyrypdy. Ýaponiýany amerikanlaryň dolandyran wagtyny-da şertli iki döwre bölmek mümkin. Onuň birinji döwri 1945–1947-nji, ikinjisi bolsa 1948–1952-nji ýyllary öz içine alýar. Birinji döwürde Ýaponiýanyň harbylaşdyrylan ykdysadyýeti, syýasy döwlet gurluşy demokratik ülňülere laýyk üýtgedildi. Goşun, jezalandyryş edaralary, milletçi guramalar ýatyryldy. 200 *müňden* gowrak adam jemgyýetçilik we syýasy işden çetleşdirildi. Harby jenaýatçylaryň 28-si halkara kazyýetine berildi. Türmelerden syýasy tussaglaryň 3 *müňüsi* azat edildi.

1946-njy ýylyň 3-nji noýabrynda Ýaponiýanyň taryhynda ikinji Konstitusiýa kabul edildi. Ol öňki 1889-njy ýyldan bäri dowam edýän Baş kanuna garalanda uly syýasy öňegidişlikdi. Onda çäklendirilmedik monarhiýa ýatyryldy. Aýallara hem saýlaw hukugy berildi. Ikinji Konstitusiýa 1947-nji ýylyň 3-nji maýynda güýje girdi. Bu Konstitusiýa boýunça Ýaponiýanyň harby çykdajylarynyň möçberi ýurduň milli girdejisiniň 1%-inden artyk bolmaly däldi. Konstitusiýa Ýaponiýanyň uruşlardan ýüz öwürýändigi hakda madda goşuldy. Goşun diňe goranyş üçin az mukdarda saklanylmalydy.

Konstitusiýa boýunça ýurduň imperatorynyň hukuklary çäklendirildi. Onuň wezipesi milletiň ruhy ýolbaşçysy hökmünde saklanyldy. Imperatoryň wezipesiniň doly ýok edilmän saklanmagynyň sebäbi, onuň ýaponlaryň uýýan *sintoizm* dininiň esasy daýanjyna öwrülendigi, halk arasynda keramatlaşdyrylandygy bilen baglanyşyklydyr. Imperator dolandyryjy neberäniň Hudaý tarapyn gelip çykyşy baradaky mifden resmi taýdan el çekmeli boldy. Din döwletden aýryldy. Wezipesi saklansa-da, imperator indi döwlet işlerine gatyşmaýardy. Ýurda iş ýüzünde ýolbaşçylyk etmegi premýer-ministr amala aşyrýardy.

Urşuň yzysüre amerikan goşunlarynyň Ýaponiýadan çykmazlygy onuň syýasy durmuşynyň demokratiýalaşdyrylmagyna hem oňaýly täsir etdi. Uruşparaz syýasy toparlanyşyklar dargadyldy. Uruşdan soňra Ýaponiýada öňki partiýalar öz-özlerini «dargadyp», liberal we progressiw partiýalara öwrülýändiklerini yglan etdiler. *Seýýukaýyň* mirasdary liberal partiýa, *Minseýtonyňky* bolsa progressiw-demokratik partiýa boldy.

Urşuň yzysüresi häkimiýet başyna Sideharanyň ýolbaşçylygynda maliýe magnatlarynyň topary geldi. Biraz wagtdan soň hökümete *Sigeru Iosida* ýolbaşçylyk etdi. 1946-njy ýylyň parlament saýlawlarynda buržuaz partiýalary ýeňiş gazandy. Iosidanyň hökümeti ýapon dolandyryjy toparlarynyň bähbidini araýan birnäçe özgerdişleri durmuşa geçirdi.

1948-nji ýylda Asidanyň kabineti hökümet başyna geldi. Şol ýylyň martynda Iosidanyň ýolbaşçylygynda täze partiýa – *liberal-demokratik partiýa* döredildi.

ABŞ bilen birtaraplaýyn şertnamanyň baglaşylmagyndan soň Iosidanyň hökümeti ýapon harby güýçlerini we flotuny dikeltmäge girişdi. Urşuň yzysüre ýapon ykdysadyýeti gözgyny haldady. 1946-njy ýylda senagat önümçiligi 1936-njy ýylyň derejesiniň 30%-i ýagdaýyndady. Puluň hümmeti örän pesdi. 1948-nji ýylyň başyndan başlap, ýurduň ykdysadyýetini ösdürmek üçin düýpli özgertmeler geçirildi. *Dzaýbasular* (iri senagat-maliýe konsernleri) dargadyldy. Olar basyp alyş düzgüni ýatyrylandan soň ýene gaýtadan dikeldildi. 1946–1949-njy ýyllarda ýer özgertmesi geçirildi. Obada pomeşşik ýer eýeçiligi, feodal galyndylar ýok edilip, ýer daýhanlara berildi. Iri ýer eýeçiliginiň aňrybaş çägi 3 gektar (Hokkaýdoda 12 gektar) diýlip çäklendirildi. Kärende tölegi kemeldildi.

1948-nji ýylyň dekabrynda amerikan hökümeti Ýaponiýadaky basyp alyş goşunlarynyň karargähine ýurduň ykdysadyýetini dikeltmek barada şeýle görkezmeleri berdi:

1. Döwlet býujetini düzgünleşdirmek;
2. Salgyt ýygymlaryny artdyrmak;
3. Subsidiýalaryň berilmegini berk çäklendirmek;
4. Aýlyk haklaryny durnuklaşdyrmak;
5. Bahalaryň üstünden gözegçiligi ýola goýmak;
6. Daşary söwdanyň we daşary ýurt pulunyň üstünden gözegçiligi güýçlendirmek;
7. Eksport önümçiligi üçin zerur çig mal bilen üpjünçiligi gowulandyrmak;
8. Importy çäklendirmek üçin ýerli çig mallary we harytlary öndürmegi artdyrmak;
9. Azyk önümleri bilen üpjünçiligi gowulandyrmak.

Ýurduň maliýe durmuşyny kadalaşdyrmak üçin 1949-njy ýylda döwlet çykdajylary azaldylyp, salgytlar artdyryldy. Bu çäräniň netijesinde dolanyşykdaky pul azaldy. Puluň hümmetiniň gaçmagynyň öňi alnyp, iýen (ýapon pul birligi) durnuklaşdy. Maliýe ulgamy, salgytlar, býujet, zähmet gatnaşyklary, umuman, Ýaponiýanyň halk hojalygy tertibe salyndy. 1949-njy ýylyň maýynda ABŞ Ýaponiýadan kontribusiýa almagy bes etdi. 1951-nji ýylda Ýaponiýa senagat önümçiligi babatda uruşdan öňki derejesine ýetmegi başardy. ABŞ-nyň maslahatçylarynyň ýardamy bilen ýapon halkynyň milli aýratynlyklaryny hasaba alyp, täze ösüş ýoly saýlanyldy. Amerikanlaryň ýardamy bilen geçirilen ykdysady we syýasy özgertmeler ýurduň ykdysady taýdan galkynmagyna gowy badalga boldy. Ýeri gelende aýtsak, bu ösüş ýoly soňrak gaty tiz ösen *«Aziýa gaplaňlary»* diýen ady alan ýurtlar üçin hem baş ýörelge boldy.

**Ýaponiýanyň ykdysady taýdan galkynmagy. «Ýapon gudraty».** 50-nji ýyllaryň ortalaryndan başlap ýapon ykdysadyýeti haýran galdyryjy ösüşiň döwrüne gadam basdy. Ol «*Zimmunyň gülläp ösüşi*» adyny aldy. Onuň 15 ýyldan gowrak dowam eden ilkinji tapgyrynda ýurduň ösüş depgini Günbataryň ähli döwletlerinden ýokarydy. 1951–1970-nji ýyllarda önüm öndürilişiniň ortaça ýyllyk depgini 15,2% boldy. Bu görkeziji şol wagt dünýäde ortaça 5,5%-e deňdi. 1960-njy ýyl bilen deňeşdirilende, 1970-nji

ýylda Ýaponiýanyň JIÖ-si 4,5 esse artdy. Jemi öndürýän milli önüminiň möçberi boýunça Ýaponiýa 1968-nji ýylda Fransiýadan, Beýik Britaniýadan we GFR-den ozup, dünýäde ABŞ-dan soň ikinji orna geçdi. Şol bir wagtyň özünde ol polat öndürmekde, gämi gurluşyk, tele-radio enjamlaryny, kserokopiýa maşynlaryny öndürmekde dünýäde birinjiligi, elektronika, awtoulaglary, sintetiki süýümleri, durmuşda ulanylýan elektrik enjamlaryny öndürmekde – 2-nji, polat öndürmekde – 3-nji orny eýeledi. Hut şu döwürden başlap Ýaponiýanyň dünýä ykdysadyýetindäki ähmiýeti görnetin artyp başlady. 1955–1973-nji ýyllardaky ösüş «*ýapon gudraty*» adyny aldy. Eger 1960-njy ýylda bazar gatnaşyklary ýoly bilen ösýän döwletleriň senagat önümçiliginde Ýaponiýanyň paýy 1,7%-e deň bolan bolsa, 1971-nji ýylda bu görkeziji 10,1%-e çenli artdy. Başgaça aýdanymyzda, Ýaponiýa dünýädäki öndürilýän ähli senagat önümleriniň ondan bir bölegini diňe özi öndürýärdi. Ýapon ykdysady gudratynyň ýene bir syry zähmet öndürijiliginiň ýokary şertlerinde iş hakynyň az bolmagydyr. Sanlara ýüzlensek, 1969-njy ýylda Ýaponiýadaky senagat işçileri ABŞ-nyň işçilerinden 4 esse az, Angliýaly kärdeşleriniň bolsa aýlygynyň 40%-ine barabar iş hakyny alýardy. Ýaponiýa altyn we walýuta gorlary boýunça dünýäde birinjiligi saklaýar.

**Liberal demokratlar häkimiýet başynda.** 1955-nji ýylda liberal-demokratik partiýa döredildi. Bu partiýa XX asyryň ikinji ýarymynda 40 ýyla golaý Ýaponiýany dolandyrdy. Premýer-ministr baradaky meseläniň parlamentde däl-de, partiýanyň öz içinde çözülmegi birnäçe garşydaş fraksiýalary häkimiýet ugrundaky göreşe öjükdirdi. Bu bolsa häkimiýetden betniýetlilik bilen peýdalanmagyň, korrupsiýanyň ösmegine getirdi. «Lokhidiň» işi partiýanyň abraýyny hasam peseltdi (1976--njy ýylda amerikan awiagurluşyk kärhanalarynyň özüne amatly şertnama baglaşmak üçin ýapon hökümetine para berendiginiň üsti açyldy). Emma LDP häzirem Ýaponiýada esasy dolandyryjy partiýa bolmagynda galýar. Ýaponiýanyň üstünlikleri bu partiýanyň ýurda üstünlikli ýolbaşçylyk etmekligi bilen baglaşdyrylýardy. Şonuň üçin-de halk köpçüligi saýlawlarda, köplenç, şol partiýany goldapdy.

**50–60-njy ýyllarda Ýaponiýanyň daşary syýasaty.** 1945–1952-nji ýyllarda amerikan esgerleri saklanylandygy sebäpli, Ýaponiýa özbaşdak daşary syýasat ýöredip bilmedi.

ABŞ, Beýik Britaniýa, Fransiýa we beýlekiler 1951-nji ýylyň sentýabrynda San-Fransiskoda Ýaponiýa bilen parahatçylyk şertnamasyny baglaşdy. Bu şertnama dünýäniň 49 döwletiniň wekilleri öz goluny goýdular. Emma HHR, SSSR öz talaplary hasaba alynmandygy üçin Ýaponiýa bilen baglaşylan şertnama goşulmadylar. SSSR bilen Ýaponiýanyň arasynda parahatçylyk şertnamasy tä Sowet Soýuzy dargaýança-da baglaşylmady. Şu şertnamanyň güýje girmegi bilen Ýaponiýadan amerikan goşunlary çykaryldy. Dogry, ABŞ bilen Ýaponiýanyň ikitaraplaýyn baglaşan harby howpsuzlyk hakyndaky şertnamasyna laýyklykda Ýaponiýada amerikan harby daýanç nokatlary we olardaky harby esgerler saklanyldy. Ýaponiýanyň Rýukýu (Okinawa), Bonin, Rozariýo, Wolkano, Pares Wela, Markus, Daýto BMG--niň mandaty astynda ABŞ-a berildi. 1960-njy ýylda ABŞ bilen Ýaponiýa «Hyz-

matdaşlyk we howpsuzlyk kepilnamasy hakyndaky» şertnamany baglaşdylar. Bu şertnama 10 ýyllyk möhlet bilen baglaşyldy. 1970-nji ýyldan başlap taraplaryň garşylygy bolmasa, ol öz-özünden indiki möhlete uzalýardy.

SSSR bilen Ýaponiýanyň arasynda 1956-njy ýylyň oktýabrynda diplomatik gatnaşyklary dikeltmek hakda ylalaşyk baglaşyldy. Emma uruşdan soň iki ýurduň arasynda parahatçylyk şertnamasy baglaşylmady.

50–60-njy ýyllarda Ýaponiýanyň Hytaý bilen gatnaşyklary çylşyrymly bolmagynda galýardy. Çünki Ýaponiýa HHR-i tä 1971-nji ýyla çenli ykrar etmändi.

**Ýapon jemgyýetiniň ösüş aýratynlyklary.** Ýaponiýanyň XX asyryň ikinji ýarymynda dünýäniň ykdysady merkezleriniň birine öwrülmeginiň syry nämedekä?!

Ýapon «gudratynyň» üstünligi, ozaly bilen, döwletiň ykdysady syýasatyna bagly bolup durýar. Bu syýasat Ýaponiýanyň halkara derejesinde abraýyny ýokarlandyrmaga, söwda we telekeçilige goldaw bermäge, ylmyň, bilimiň ösmegine hemaýat etmäge gönükdirilendir. Ýaponiýa daşary ýurtlaryň ylmy-tehniki gazananlaryny ornaşdyrmagy özüne kiçilik bilmedi. Ol diňe bir iň täze tehnikalary satyn alman, eýsem tehnologiýalara bolan ygtyýarnamalary giňden satyn aldy. Ikinji Jahan urşundan soň, 1969-njy ýyla çenli daşary ýurtlaryň 10 *müňden* gowrak tehnologiki prosesleri Ýaponiýada ornaşdyryldy. Şeýdip, birbada ylmy-tehniki barlaglara bolan çykdajylary we wagty tygşytlady. Daşary ýurt tehnologiýalaryny içgin öwrenmek bilen Ýaponiýa olardan hem kämil, öz milli tehnologiýalaryny öndürip başlady. 1960–1970-nji ýyllarda ylmy-tehniki barlaglara çykdajylaryň 6 esse artdyrylmagy Ýaponiýanyň ylmy öndüriji güýje öwrendigini aňladýardy. Bu bolsa, ýapon «tranzistor hökümdary» Ibukanyň sözleri bilen aýtsak, «kesekiniň pikirini bäsdeşlige ukyply harytlara öwürmäge mümkinçilik berdi». Birwagt Ýaponiýa tehnologiýa satan Günbatar indi onuň özünden olaryň has kämil görnüşleriniň ygtyýarnamalaryny satyn almaga döwtalapdy. Tehnologiýalara ygtyýarnamalar bilen birlikde, Ýaponiýa dünýä ykdysadyýetine saldamly maýa goýumlaryny goýup başlady.

Uruşdan soňky ýyllarda ýapon jemgyýeti umumymilli ösüşiň hatyrasyna berk düzgün-nyzamly zähmet çekdiler. Olar kesekiniň tejribesini öwrenmegem özlerine kiçilik bilmediler. Ýapon hünärmenleri daşary ýurt tejribesini özlerindäki medeni-milli aýratynlyklar bilen utgaşdyryp ornaşdyrdylar. Başgaça aýdanymyzda, Ýaponiýa «Gündogar bilen Günbatary» sepleşdirip, «kebşirlemegi» başardy. Hut şu sepleşikde kämilleşmegiň ýapon nusgasynyň syry jemlenýär.

Ýaponiýa goranmak üçin beýleki döwletlere garanda ep-esli az mukdarda harby çykdajy çykarýardy. Onuň ýerine Ýaponiýa özüniň senagatyna beýleki ýurtlaryňkydan köp maýa goýmagy başardy. Aýratyn-da, maşyngurluşygy, metallurgiýa, nebit himiýasy pudaklaryna köp maýa goýuldy. Halkyň tygşytlap, banklarda goýan pullary hem ykdysadyýeti ösdürmekde ýerlikli peýdalanyldy.

Harytlary ýurduň daşyna çykarmak (eksport) ýapon ykdysadyýetiniň aýratynlyklarynyň biridir. Ýaponlaryň üstünliginiň syry diňe bir olaryň önüminiň ýokary hilli öndürilýänliginde däl-de, olaryň arzanlygyndady. Işçi güýjüne çykdajylaryň az

sarp edilmegi harydyň gymmatynyň arzan düşmegine mümkinçilik berýärdi. Ýapon işçileri, inženerleri öz işini ýokary derejede bilýän, has düzgün-nyzamly hünärmenlerdi. Ýaponiýada işçini hakyna tutmak ömürlik diýen ýalydy: işçiler haýsydyr bir firmalara, köplenç, tä pensiýa çykýança işe alynýardy. Işgäriň öz firmasyna wepalylygy höweslendirilýärdi. Firma hem iň bir kynçylyga düşen pursady-da öz işgärini işden boşatmazlyga çalyşýardy.

Ýaponiýada işçiler hereketi we syýasy garşylyklar ýok diýen ýalydy. Ýurduň tiz baýaýan şertlerinde jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň arasyndaky garşylyk ýiteňkirläpdi. Şol sebäpli XX asyryň ikinji ýarymynda Ýaponiýa üçin halk çykyşlary, gozgalaňlar, düýpli syýasy garşylyklar ýatdy.

Ýapon halkyna bileleşip işlemek, ählumumy raýdaşlyk – korporatiw ruh mahsus. Olar çagalykdan şu ruhda terbiýelenýär. Ýaponlar islendik işi sungat derejesine ýetirmegi kanunalaýyk ýagdaý hasaplaýarlar. Işlemek, zähmet çekmek – durmuş lezzeti. Erjellik – ähli zadyň seresi. Ine, ýaponlar üçin esasy ýörelgeleriň biri. Awtoulag konweýerinde işleýän islendik ýapon işçisi öz öndürýän harydynyň diňe öz firmasynyň däl, eýsem tutuş ýapon halkynyň ýüzüdigine oňat düşünýär. Şol sebäpli ol özüniň ýalňyşlyk goýbermeli däldigini bilýär.

**2010-njy ýylda dünýäde awtoulag öndürilişi**




**1970–1980-nji ýyllarda Ýaponiýanyň ykdysady ösüşi.** Ýaponiýa 70–80--nji ýyllarda güýçli ykdysady ösüşi bilen dünýäni haýran etmegini dowam etdirdi. 1969–1970-nji ýyllarda Ýaponiýa senagat önümçiliginiň möçberi boýunça dünýäde 2-nji orny saklady. 80-nji ýyllarda Ýaponiýa altyn we walýuta gorlary boýunça dünýäde 1-nji orna geçdi – ol bu görkezijini XXI asyryň başynda hem saklady.

Asyryň ahyrlarynda, aýratyn-da, awtoulaglary öndürmek güýçli depgin bilen ösdi. 1964-nji ýylda Ýaponiýa awtoulaglary öndürmek boýunça Fransiýadan, 1966--njy ýylda Beýik Britaniýadan, 1967-nji ýylda Germaniýadan ozup geçdi. 1981-nji ýylda ýene bir haýran galdyryjy täsinlik bolup geçdi. Ýaponiýa awtoulag önümçiliginiň kerwenbaşysy hasaplanýan ABŞ-dan hem bu ugurda ozup geçdi. Ýaponiýada XX asyryň soňky 30 ýylynda awtoulag öndürilişi 30 esse artdy. 2000-nji ýylda 10

*mln* awtoulag öndürildi. 127 *mln* ilatly Ýaponiýada 2000-nji ýylda 72 *mln* awtoulag bardy. 2010-njy ýylda Hytaý awtoulag öndürmekde Ýaponiýadan öňe geçdi.

1982-nji ýyldan başlap Ýaponiýa döwlet harajatlaryny çäklendirip, puluň hümmetiniň gaçmagyna garşy göreşdi. Bazar gatnaşyklaryny ösdürmegi maksat edinip, telekeçilerden alynýan salgytlary azaltdy. Ýaponiýa ýurtdan haryt çykarýanlary höweslendirmek ýörelgesini alyp bardy. Netijede, 70-nji ýyllardan başlap ýapon harytlary dünýä bazarlarynda beýleki ýurtlaryň harytlaryny gysyp çykaryp başlady. Bu ýagdaý dünýä döwletleriniň köpüsine ýaramady. Olar ýapon harytlaryna gümrük paçlaryny ýokarlandyrdylar. Beýle ýagdaý Ýaponiýanyň daşary söwdasyna ýaramaz täsir etdi.

Halkara Internet ulgamy, öýjükli telefonlar ýapon durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi.

Senagatyň çalt depginlerde ösmegi şäher ilatynyň artmagyna getirdi. Eger Ikinji Jahan urşunyň öň ýanynda Ýaponiýanyň ilatynyň 40%-i şäherlerde ýaşan bolsa, 2000-nji ýylda ilatyň 90%-i şäherlilerdi.

**Dünýäniň iri döwletleriniň ykdysady kuwwaty (müň amerikan dollary, 2011)**




XX asyryň soňky 30 ýylynda oba ilaty 13 *mln* bolanlygyndan 5,7 *mln* adama çenli azaldy. Muňa seretmezden, Ýaponiýanyň oba hojalygy ýurduň halkynyň azyk önümlerine bolan isleginiň tas ýarysyny üpjün edýär. Kä ýyllar ýarysyndan artyggagam öndürilýär. Mysal üçin, 1970-nji ýylda Ýaponiýanyň oba hojalygy ýurduň azyk önümlerine bolan isleginiň 73%-ini kanagatlandyrdy. 2000-nji ýylda ýurduň oba hojalygy öndürilen milli girdejiniň 2,2%-ini berdi. Eger bu görkezijini pulda aňlatsak, onda ol 80 *mlrd* amerikan dollaryna barabardyr.

Senagatyň ösmegi ýurduň sebitleriniň arasyndaky ulag aragatnaşygynyň ösmegine getirdi. Bilşiňiz ýaly, Ýaponiýa adalar ýurdudyr. Ýurduň esasy bölegi dört sany iri



*Ýaponiýadaky deňizasty ötüginiň girelgesi*

adada – *Kýusýu, Sikoku, Honsýu, Hokkaýdo* adalarynda ýerleşýär. Eger-de Honsýu, Kýusýu, Hokkaýdo adalary deňizasty ötük arkaly birleşdirilen bolsa, Sikoku adasy suwuň üstünden uzyn köpriniň üsti bilen birleşdirildi. Bu desgalar häzirki zaman inženerçilik sungatyna uly goşant boldy. Ýurduň içki söwdasynyň ösmegine ýardam etdi. 1960-njy ýyldan tä 1990-njy ýyla çenli Ýaponiýanyň jemi içerki önüminiň artyş depgini ortaça alsak ýylda 10%-den pes bolmady. Beýle uzak wagtlap dünýäniň hiç bir ýurdy ýokary depginde ösüşini şol döwre çenli gazanyp bilmändi. Emma XX asyryň 90-njy ýyllaryndan başlap ykdysady ösüşiň bady birden gaty haýallady.

Ylym-bilime üns berilýän ýurtda hökmany ylym ugrunda ösüşler bolmaly. Bulary şu aşakdaky Nobel baýragynyň eýeleriniň atlary esasynda doly görmek bolýar:

Fizikada – Hideki Ýukawa (1949), Sinitiro Tomonaga (1965), Esaki Reona (Leo Esaki) (1973), Masatosi Kosiba (2002), Ýoitiru Nambu (2008), Makoto Kobaýasi we Tosihide Maskawa (2008), himiýada – Keniti Fukui (1981), Hideki Sirakawa (2000), Rýodzi Noýori (2001), Koiti Tanaka (2002), lukmançylykda – Susumu Tonegawa (1987), edebiýatda – Ýasunari Kawabata (1968), Kendzaburo Oe (1994), parahatçylyk ugrunda Nobel baýragy – Eýsaku Sato (1974).

**«Ýitirilen onýyllyk».** 1990-njy ýyllar Ýaponiýa üçin amatly bolmady. Bu döwürde jemi öndürilýän milli önümiň ösüş depgini onýyllyk boýunça bary-ýogy 1,7% boldy. Şonuň üçin ýaponlar 90-njy ýyllary «*Ýitirilen onýyllyk*» hasaplaýarlar. Asyryň soňky iki ýylynda ol Ikinji Jahan urşundan soňra ilkinji gezek yza tesdi. Munuň üstesine-de, 1995-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda güýçli ýertitreme bolup, 6,5 *müňe* ýakyn adam heläk boldy, 43 *müň* adam maýyp boldy. 90-njy ýyllaryň ikinji ýarymynda jemi milli önümiň ýyllyk artyşy 1%-den geçmedi.



*Hirohito*

**Iki asyryň sepgidinde Ýaponiýanyň syýasy ýagdaýy.** Ýaponiýanyň häzirki konstitusiýasy 1947-nji ýylda güýje girizilipdi. Ol boýunça ýurt konstitusion monarhiýa bolup, resmi ýagdaýda imperator döwletiň ýolbaşçysy hasaplanýar. Emma imperator döwlet işlerine gatyşmaýar. Ýurduň syýasy durmuşynda imperatora özboluşly orun degişlidir. 1926–1989-njy ýyllarda – ýarym asyr gowrak imperator bolan *Hirohito* ýogalandan soňra, onuň ogly *Akihito* 1989-njy ýylda tagta geçdi. Ol nesilşalykda 125-nji imperatordyr.



***Akihito** 1933-nji ýylda doglan. 1952-nji ýylda ol mirasdüşer şazada diýlip jar edilýär. 1956-njy ýylda uniwersitetiň syýasat bölümini tamamlaýar. 1090-njy ýylda kakasy Hirohito ýogalandan soň Ýaponiýanyň imperatory wezipesine geçýär. Ol biologiýa we taryh ylymlary bilen gyzyklanýar. Onuň iki ogly, bir gyzy bar. Akihito uly ogly Naruhitony (1960-njy ýylda doglan) mirasdüşer diýip jar edýär.*

Ýaponiýada birnäçe syýasy partiýa bolup, olaryň arasynda has täsirlisi iki sanydyr. Olaryň birinjisi *Liberal demokratik partiýa*, ikinjisi bolsa *Demokratik partýadyr*. XX asyryň ikinji ýarymynda Ýaponiýanyň syýasy durmuşynda liberal demokratik partiýa esasy orun degişli bolupdy. Bu partiýa 1955-nji ýyldan tä 1993-nji ýyla çenli ýurdy dolandyrypdy. 1993–1996-njy ýyllardaky arakesmeden soň ol ýene-de häkimiýete geldi. 1999-njy ýylda liberal we liberal demokratik partiýalar bileleşip, gatyşyk hökümet düzdüler. XX asyryň soňy – XXI asyryň başlary syýasy babatda-da, ykdysady babatda-da örän kynçylykly döwür boldy. Birnäçe gezek hökümet çalşyldy.

**Iki asyryň sepgidinde Ýaponiýanyň ykdysady ýagdaýy.** Asyryň ahyryndaky yza tesmelere garamazdan, Ýaponiýa dünýäniň ykdysady merkezleriniň biri bolmagynda galýar. 2000-nji ýylda Ýaponiýanyň umumy milli girdejisi 4 *trln* amerikan dollaryna barabar bolup, bu Germaniýanyňkydan iki esse, Beýik Britaniýanyňkydan we Fransiýanyňkydan 3 esse köp diýildigidir. Şol ýyl dünýäde öndürilen önümleriň 12%-i Ýaponiýada öndürildi diýildigidir.

«Ýitirilen onýyllyk» ýapon jemgyýetinde düýpli özgertmeleriň geçirilmeginiň zerurdygyny görkezdi. 2001-nji ýylda häkimiýete gelen premýer-ministr *Dzýunitiro Koidzumi* düýpli özgertmeleri durmuşa geçirmäge başlady.



***Dzýunitiro Koidzumi** (1942-nji ýylda doglan) – Ýaponiýanyň premýer-ministri (2001–2006). Ýaponiýanyň Liberal demokratik partiýasynyň öňbaşçysy. Ol Keýo uniwersitetini ykdysatçy hünäri boýunça tamamlap, soňra Londonda bilim aldy. Ýaponiýanyň saglygy goraýyş we sosial üpjünçilik, aragatnaşyk we telekommunikasiýalar ministrleri wezipelerinde işledi. Üznüksiz özgertmeler syýasatyny öz hökümetiniň öňünde wezipe edip goýupdyr. «Biz LDP-ni üýtgederis. Biz Ýaponiýany üýtgederis» – onuň baş şygarydy.*

Hökümet baradaky täze kanuna laýyklykda premýer-ministriň ygtyýarlyklary artdyryldy. Ol ýurduň syýasy ugruny kesgitlemekde giň hukuklar aldy. Ýerli häkimiýetiň ygtyýarlyklary giňeldildi. Kazyýet ulgamy kämilleşdirildi. Döwletiň hususy işewürligi çäklendirýän ençeme düzgünleri aradan aýryldy. Kiçi kärhanalar döwlet goldawyny aldy. Salgytlar azaldylyp, salgyt ulgamy ýönekeýleşdirildi. Öňki «ömürlik hakynatutma» düzgüniniň ýerine wagtlaýyn hakynatutma düzgüni girizildi. Bu bolsa ýaş hünärmenleri bir kärhana ömürlik «daňyp» goýman, iş saýlamak barada

olaryň erkinligini artdyrdy. Pensiýalar işgäriň aýlyk hakynyň 50%-ine çenli artdyryldy. Ykdysadyýetde döwlet pudagyna degişli kärhanalar hususylaşdyryldy. Bu özgertmeleriň has düýplüligi üçin, ony *Meýdziniň özgertmeleri* bilen deňeşdirýärler.

Eýsem, ýapon jemgyýetinde şeýle düýpli özgertmeleriň zerurlygy nämededi? D.Koidzuminiň özi 2005-nji ýylyň awgustynda ýapon halkyna ýüzlenip, ony şeýle düşündiripdi: «*Döwlet nirede nämäniň zerurdygyny kesgitläp bilmez, ony telekeçiler gowy biler. Döwlet telekeçilik bilen meşgullanyp bilmez. Sebäbi onuň bäsdeşi ýok. Bäsdeşlik bolmadyk ýerde, ösüş bolmaz*». 2003-nji ýyldan başlap ýapon ykdysadyýetinde ýene-de janlanyş başlandy.

Emma Koidzumi birnäçe ýyl öňünden 2006-njy ýylda işden gitjekdigini aýtdy. 2005-nji ýylyň saýlawlarynda onuň partiýasy ýeňiş gazandy. Ýurduň içeri we daşary syýasatyny halk hem goldaýardy. Emma Koidzumi partiýa we hökümete ýolbaşçylyk etmekden 2006-njy ýylda meýletin ýüz öwürdi. Onuň öz öňe süren adamy *Sindzo Abe* 2006-njy ýylyň sentýabrynda premýer-ministriň wezipesini eýeledi. Ol bu gezek bary-ýogy 2007-nji ýylyň sentýabryna çenli hökümete baştutanlyk etdi.

2005-nji ýylda Ýaponiýada ilatyň jan başyna öndürilýän önüm 38,9 *müň* amerikan dollaryndan geçdi (Bütindünýä bankynyň maglumatlary boýunça). JIÖ 4,96 *trln* amerikan dollaryna ýetdi. Bu bolsa şol wagt Ýaponiýanyň dünýäde ABŞ-dan soň ykdysady kuwwaty boýunça ikinji döwletdigini görkezýärdi. Emma 2008-nji ýylyň güýzünde başlanan dünýä maliýe çökgünligi Ýaponiýanyň ykdysadyýetine uly zarba urdy. Çünki Ýaponiýanyň ykdysadyýeti daşary ýurt bazarlaryna baglydy. Dünýä ýurtlary maliýe çökgünligi sebäpli Ýaponiýadan öňküsi ýaly harytlary köp satyn alyp bilmediler. Bu bolsa ýapon harytlarynyň eksport edilişiniň möçberini azaltdy. Netijede, ýapon kompaniýalary önümçiligi azaltmaga mejbur boldular.

2009-njy ýyldan başlanan ykdysady ösüş uzak dowam etmedi. 2010-njy ýylda JIÖ boýunça Ýaponiýa Hytaýdan yza galyp, dünýäde ykdysady kuwwaty boýunça ABŞ-dan we Hytaýdan soň 3-nji orna geçdi. 2011-nji ýylda Ýaponiýanyň ykdysady kuwwaty, takmynan, 5,4 *trln* dollara deň boldy. Emma 2011-nji ýyldaky ýertitreme we sunami ykdysadyýeti ýene çökerdi, Ýaponiýanyň atom energiýasyndan peýdalanmagyny kynlaşdyrdy. Ýurtda energiýa ýetmezçiligi duýlup başlandy. Tebigy betbagtçylyklar ykdysady ösüşi güýçlendirmekde uly päsgelçilikler döretdi. 2008--nji ýylyň maliýe çökgünliginiň we 2011-nji ýyldaky tebigy betbagtçylygyň zyýanlaryndan ýapon ykdysadyýeti 2017-nji ýylyň başyna çenli doly aýňalyp bilmedi.

Onuň ilkinji gezek premýer-ministr bolan döwründe halkara ýagdaýlary Abe üçin amatly bolmandy. Abe ABŞ bilen bilelikde halkara terrorçylygyna garşy göreşmegiň tarapyndady. Emma ondan oppozisiýadaky partiýalar Owganystana ýollanan ýapon esgerlerini yzyna getirmegi talap edýärler. Abe Demirgazyk Koreýanyň atom ýaragyny edinmek ugrundaky işlerine garşy işjeň çykyş edýär. Emma Abe hökümet baştutany bolan dessine, goňşusy KHDR 2006-njy ýylyň oktýabrynda atom ýaragyny synag edýär. Üstesine-de onuň partiýasyndan bolan iki ministr dürli et-

mişleri üçin oppozisiýanyň talaby boýunça işden gitmeli bolýarlar. Ýene bir ministr özüni öldürmäge mejbur bolýar. Bularyň ählisi onuň ýolbaşçylyk edýän partiýasy bolan LDP-niň abraýyny peseldýär. Netijede, 2007-nji ýyldaky parlamentiň ýokary palatasyna bolan saýlawlarda onuň partiýasy ýeňiş gazanyp bilmeýär. Parlamentde we ýurduň içinde syýasy garşydaşlarynyň sürünmesi netijesinde Abe wezipesinden el çekýär. Şol wagtdan başlap Ýaponiýada syýasy krizis başlanýar.



***Ýasuo Fukuda*** *1936-njy ýylda doglan. Ol syýasy-ykdysadyýet boýunça ýokary bilim alyp, ilki 17 ýyl çemesi nebit kompaniýasynda işleýär. Soňra hökümetde dürli wezipelerde işleýär. Onuň kakasy hem ýurduň premýer-ministri bolupdy. Täsin ýeri, olaryň ikisi hem bu wezipä 71 ýaşynda saýlanypdylar.*

Ýasuo Fukudanyň häkimiýete gelen wagty Ýaponiýada syýasy krizisiň güýçlenen döwrüdi. Oppozisiýa onuň hem hökümetden gitmegini talap edip başlaýar. Ýaponiýanyň halky hem Fukudanyň syýasatyndan närazy bolýar. Şeýle ýagdaýlarda Fakuda bir ýyl çemesi premýer-ministr bolup, wezipesinden gitmäge mejbur bolýar. 2008-nji ýylyň sentýabrynda premýer-ministr wezipesine *Taro Ase* geçýär. Ol öň hem bu wezipä geçmek üçin köp synanyşypdy. Onuň özi syýasatçylaryň maşgalasyndandy. Emma Aseni hem halk köpçülikleýin goldamaýardy. Ol öň daşary işler ministri bolup işlän döwründe-de, soň premýer-ministr bolan mahaly hem duýdansyz, garaşylmadyk, Ýaponiýanyň resmi garaýşyna gabat gelmeýän pikirleri aýdyp goýberýärdi. Onuň aýdan şol sözlerini oppozisiýadaky garşydaşlary toplap, soň olary Ase garşy ulanýardylar. Üstesine-de, 2008-nji ýylyň awgustynda başlanan dünýä ykdysady çökgünligi Ýaponiýany hem öz içine alypdy. 2009-njy ýylyň parlamente saýlawlarynda LDP öz taryhynda ikinji gezek ýeňlişe sezewar bolýar. 2009-njy ýylyň sentýabrynda Ase wezipesinden gitmäge mejbur bolýar. Saýlawlarda ýeňiş gazanyp, Ýaponiýanyň Demokratik partiýasy hökümet düzdi. Ol partiýadan *Ýukio Hataýamo, Naoto Kan*, soňra *Ýosihiko Nado* premýer-ministr bolýarlar. Demokratik partiýanyň dolandyran 2009–2012-nji ýyllarynda ýurtda syýasy ýagdaý dartgynly bolmagynda galýar. Üstesine-de, 2011-nji ýylyň 11-nji martyndaky ýertitremede başlanan sunami netijesinde köp weýrançylyklar bolýar. Ýertitreme Fukusimo-1 atly atom elektrik stansiýasyny sandan çykarýar. Bäş ýylyň dowamynda Ýaponiýadaky atom elektrostansiýalarynyň ähli reaktorlarynyň (jemi 43 sany) işledilmeginiň bes etdirilmegi ýurduň ykdysadyýetinde uly kynçylyklar döretdi. Çünki 2011-nji ýylyň ýertitremesine çenli Ýaponiýadaky atom elektrik stansiýalary ýurduň tas 30% çemesi elektrik toguny üpjün edýärdi. Fukusimodaky betbagtçylygyň ýetiren ykdysady zyýany 2017-nji ýylyň ýagdaýyna görä, 189 *mlrd* amerikan dollaryna deň diýlip hasaplanyldy. Ýapon ýadro inženerleri AES-i howpsuz ýagdaýa getirmek üçin azyndan ýene 40 ýylyň gerekdigini aýdýarlar. Diýmek, çykdajylaryň ýene-de artjakdygy şübhesizdir. Tebigy betbagtçylyklar zerarly wepat bolanlaryň we dereksiz ýitenleriň sany 20 *müň* çemesi bolýar. 60 *müňden* gowrak adam ýaralanýar. Ykdysady

çökgünlik, syýasy krizis, tebigy betbagtçylyk netijesinde dörän närazylyklar 2012-nji ýylyň dekabrynda demokratik partiýanyň wekillerini wezipesinden gitmäge mejbur edýär. Saýlawlar netijesinde ýene-de liberal demokratik partiýa häkimiýete gaýdyp gelýär. Onuň lideri *Sindzo Abe* premýer-ministr bolýar.



***Sindzo Abe** 1954-nji ýylda syýasatçylaryň maşgalasynda dogulýar. Ol ýurduň öňki Daşary işler ministri Sintaro Abeniň ogly, 1957–1960-njy ýyllarda premýer-ministr bolan Nobusuke Kisiniň agtygydyr. Sindzo Abe Ýaponiýada syýasaty öwreniş hünäri boýunça ýokary bilim alypdyr, soňra ABŞ-da okuwyny dowam etdiripdir. Ol partiýa we döwlet işlerinde ýokary wezipelerde işleýär. 2006-njy ýylda ýurduň premýer-ministri saýlanýar. Ol Ýaponiýanyň Ikinji Jahan urşundan soň bolan hökümet baştutanlarynyň arasynda iň ýaş premýer ministr bolupdy. Bir ýyldan soň oppozisiýanyň basyşlary hem-de terrorizme garşy göreşmek boýunça öz teklibi goldanylmandan soň wezipesinden gidýär. 2012-nji ýylyň dekabrynda ol ýene hökümet baştutany bolýar.*

Abe *abeykdysadyýet* adyny alan ykdysady syýasaty ýöretdi. Onuň maksady Ýaponiýanyň soňky 20 ýylyň dowamynda durgunlaşan ykdysadyýetini täzeden janlandyrmakdan ybaratdyr. Ýapon iýenasynyň hümmetini ýokarlandyrmak üçin dolanyşykdaky pullaryň möçberi iki esse artdyryldy.

*3-nji tablisa*

**Ýaponiýanyň we dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň JIÖ-niň deňeşdirmesi**

| **1970–2016-njy ýyllarda Ýaponiýanyň we dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň JIÖ-si (mlrd ABŞ dollarynda)** | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| **Ýyl** | **ABŞ** | **Hytaý** | **Ýaponiýa** | **Germaniýa** | **Fransiýa** |
| 1970 | 1 076 | 91 | 209 | 215 | 149 |
| 1980 | 2 863 | 307 | 1 087 | 947 | 704 |
| 1990 | 5 980 | 405 | 3 104 | 1 765 | 1 275 |
| 2000 | 10 285 | 1 193 | 4 731 | 1 947 | 1 368 |
| 2010 | 14 964 | 5 950 | 5 495 | 3 412 | 2 647 |
| 2016 | 18 558 | 11 383 | 4 412 | 3 371 | 2 422 |

| **1970–2016-njy ýyllarda Ýaponiýanyň we dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň JIÖ-niň ilatyň jan başyna paýlanyşy (*mlrd* ABŞ dollarynda)** | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| **Ýyl** | **ABŞ** | **Germaniýa** | **Fransiýa** | **Ýaponiýa** | **Hytaý** |
| 1970 | 5 126 | 2 712 | 2 872 | 2 016 | 112 |
| 1980 | 12 436 | 11 958 | 12 752 | 9 378 | 311 |
| 1990 | 23 495 | 21 928 | 21 868 | 25 388 | 347 |
| 2000 | 36 138 | 23 316 | 22 461 | 37 634 | 932 |
| 2010 | 47 925 | 41 100 | 40 617 | 43 151 | 4 375 |
| 2016 | 57 220 | 41 267 | 37 675 | 34 871 | 8 239 |

**Çeşme:** https://seosait.com/analiz-ekonomiki-i-vvp-yaponii-1970-2016/

XXI asyryň 18 ýylynyň dowamynda birnäçe adamlaryň Ýaponiýany dolandyrandygy ýurduň syýasy taryhyny öwrenmekde kynçylyk döredýär. Düşnükli bolsun diýip, biz olary tablisa salyp, görkezmek isledik.

*4-nji tablisa*

| T/№ | Premýer-ministrleriň ady, familiýasy we doglan ýyly | Wezipä geçen wagty | Wezipeden aýrylan wagty | Partiýalylygy |
|---|---|---|---|---|
| 1. | Ýosiro Mori (1937) | 5 aprel 2000 | 26 aprel 2001 | Liberal demokrat |
| 2. | Dzýunitiro Koidzumi (1942) | 26 aprel 2001 | 26 sentýabr 2006 | Liberal demokrat |
| 3. | Sindzo Abe (1954) | 26 sentýabr 2006 | 26 sentýabr 2007 | Liberal demokrat |
| 4. | Ýasuo Fukuda (1936) | 26 sentýabr 2007 | 24 sentýabr 2008 | Liberal demokrat |
| 5. | Taro Aso (1940) | 24 sentýabr 2008 | 19 sentýabr 2009 | Liberal demokrat |
| 6. | Ýukio Hatoýamo (1947) | 16 sentýabr 2009 | 8 iýun 2010 | Demokrat |
| 7. | Naoto Kan (1946) | 8 iýun 2010 | 29 awgust 2011 | Demokrat |
| 8. | Ýoşiko Noda (1957) | 30 awgust 2011 | 26 dekabr 2012 | Demokrat |
| 9. | Sindzo Abe (1954) | 26 dekabr 2012 | – | Liberal demokrat |

Tablisadan görnüşi ýaly, XXI asyrda esasy dolandyryjy partiýa bolan Ýaponiýanyň Liberal demokratik partiýasydyr. Ýaponiýada syýasy ýagdaýyň çylşyrymly bolmagynyň hem esasy sebäbi ýurduň ykdysady ýagdaýy bilen baglydyr.

Ýaponiýa wagtlaýyn kynçylyklara garamazdan, dünýäniň iň bir ösen ýurtlarynyň biri hasaplanýar. Awtoulaglary öndürmek, robot tehnologiýasy, elektrotehniki enjamlary öndürmek, nanotehnologiýa boýunça Ýaponiýa dünýäde öňdäki orunlary eýeleýär. XXI asyryň başlarynda awtoulaglary öndürýän kärhanalarda 8 *mln* işçiniň zähmet çekmegi, bu pudagyň ýurduň ykdysadyýetindäki ornunyň derejesini görkezýär. Toyoto, Nissan, Mazda, Mitsubishi kysymly ýapon awtoulaglary dünýäde, şol sanda Türkmenistanda hem abraý gazandylar. Tebigy baýlyklara garyp ýurt bolmagyna garamazdan, ylmyň we tehnikanyň ösdürilmeginiň hasabyna Ýaponiýa dünýädäki öňdebaryjy ýurtlaryň biri bolmagy gazandy.

Ýaponiýada ýurduň ilatynyň esasy bölegi şäherlerde ýaşaýar. Onuň iri şäherleriniň we paýtagtynyň ýollary birnäçe gatdan ybarat edilip gurlupdyr.

**Ýaponiýanyň daşary syýasatyndaky möhüm meseleler.** Ýaponiýa BMG-niň, «Uly 7-ligiň», «Uly 20-ligiň» agzasy hökmünde dünýä syýasatyna täsirini ýetirýän



döwletdir. Ýaponiýanyň daşary syýasatynda çözülmän galan iki meseläni mahal-mahal gozgaýarlar. Olaryň *birinjisi* Ýaponiýany BMG-niň Howpsuzlyk geňeşiniň hemişelik agzasy etmek meselesi. Ykdysady kuwwaty boýunça dünýäde öňdäki orunlara çykmagy bilen Ýaponiýa Howpsuzlyk geňeşiniň hemişelik agzasy bolmak baradaky göreşini has-da güýçlendirýär. Bu maksada ýetmek üçin BMG-niň agzalarynyň arasynda halkara guramasynyň hasabyna iň köp töleg töleýän 3 ýurduň biriniň Ýaponiýadygyny hem ýatladýar. BMG-niň häzirki wagtdaky Howpsuzlyk geňeşiniň hemişelik agzalary bolan ABŞ, Hytaý, Russiýa, Angliýa, Fransiýa ýaly ýurtlaryň soňky üçüsinden Ýaponiýanyň ykdysady kuwwatynyň has ýokarydygyny ýatladýar. Ýaponiýa olardan haýsydyr birini geňeşden çykarmagy teklip etmeýär. Ýöne ol Howpsuzlyk geňeşiniň hemişelik agzalarynyň hem, wagtlaýyn agzalarynyň hem sanyny artdyrmagy teklip edýär. Sany artdyrylan Howpsuzlyk geňeşiniň hemişelik agzalarynyň biriniň Ýaponiýa bolmalydygyny nygtaýar. Beýleki agzalaryny hem dünýä ykdysadyýetinde uly orun eýeleýän döwletleriň tutmalydygyny aýdýar.

Daşary syýasatda çözmesi kyn bolan meseleleriň *ikinjisi* bolsa Russiýa bilen Ikinji Jahan urşunyň jemlerini jemleýän parahatçylykly şertnamanyň häli-häzire çenli baglaşylmandygydyr. Iki ýurduň arasynda parahatçylyk şertnamasynyň ýokdugynyň esasy sebäpleriniň biri bolsa Russiýa bilen Ýaponiýanyň arasyndaky dört sany maýda adalaryň üstündäki dawalardyr. Aslynda, Kurill adalarynyň günortasynda ýerleşýän şol dört adany SSSR-iň ýolbaşçysy Nikita Hruşýow yzyna gaýtaryp bermäge söz beripdi. Ýaponiýa mahal-mahal şol adalary yzyna almak üçin gepleşiklere başlamagy Russiýa teklip edýär. Adalar yzyna gaýtarylsa, parahatçylykly şertnamany hem baglaşjakdygyny aýdýar. Sindzo Abeniň hökümeti bu meseläni öňem gozgapdy, ýene-de gozgaýar. Ol adalar bilen baglanyşykly dawalary çözmek üçin Russiýa bilen birnäçe gezek gepleşikler geçirildi.

Ýaponiýa halkara dawalaryna soňky döwürlerde azda-kände goşulýar. Ilki Pars aýlagy sebitindäki Yraga garşy uruşda Günbatar ýurtlaryna 13 *mlrd* dollar pul kömegini berdi. Owganystanda talibanlara garşy ABŞ-nyň ýolbaşçylygyndaky söweş hereketlerine bolsa ýapon esgerleri gönüden-göni gatnaşdy. Bu Ýaponiýanyň Ikinji Jahan urşundan soňky taryhynda başga ýerlerdäki harby hereketlere ilkinji gezek gatnaşyşydy. 2014-nji ýylda ýurduň Konstitusiýasyndaky urşy gadagan edýän madda üýtgetme girizildi.

XXI asyryň başlarynda Ýaponiýa daşary syýasatynda öňküsi ýaly ABŞ ýakyn gatnaşyklaryny saklaýar. Premýer-ministrler häkimiýete gelenlerinde, adatça, daşary syýasatda ABŞ bilen ýakyn gatnaşyk saklajakdyklaryny aýdýarlar. Ýaponiýada ABŞ-nyň harby bazalary saklanýar. ABŞ bilen harby ýaranlygy saklap, onuň goragy astynda Ýaponiýa ýurduň ykdysady, durmuş meselelerini çözmegi amatly hasaplaýar. Ikinji tarapdan, soňky döwürlerde Ýaponiýa bilen ABŞ-nyň arasynda dünýäniň bazarlarynyň üstünde bäsdeşlik güýçlenýär. Daşary ykdysady gatnaşyklarynda ABŞ-nyň paýy gaty ýokary bolmagynda galýar.

**Ýaponiýanyň goňşulary bilen gatnaşyklary.** Ýaponiýa Hytaýa ykdysady gatnaşyklarda we harby-deňiz ýaraglanyşygynda bäsdeş hökmünde garaýar. Emma Ýaponiýa goňşulary Hytaý we Günorta Koreýa bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryny has-da ösdürmegiň tarapdary hökmünde çykyş edýär. Ýaponiýa goňşulary bilen özara söwdada gümrük paçlaryny azaltmak barada gepleşikleri geçirýär. 2017-nji ýylyň ýanwarynda Hytaýda Ýaponiýanyň, Hytaýyň, Günorta Koreýanyň gatnaşmagynda öz aralarynda harytlaryna gümrük paçlaryny azaltmak barada gepleşikleriň 11-nji tapgyry geçirildi. Emma gepleşiklerde bu mesele boýunça häzirlikçe, bellibir karara gelinmedi. Taraplar gepleşikleri dowam etdirmek barada ylalaşdylar.

Ýaponiýa daşary syýasatynda Koreýa Respublikasy, Malaýziýa, Singapur, Indoneziýa, Tailand ýaly goňşy ýurtlary bilen gatnaşyklara-da uly ähmiýet berýär. Hytaý bilen ykdysady gatnaşyklar ösdürilýär. Emma 2012-nji ýylda Senkaku adalarynyň (Hytaýda olar *Dýaoýuýdao* adalary diýlip atlandyrylýar) üstünde Hytaý bilen dawalar başlanýar. Birnäçe gepleşikleriň geçirilendigine garamazdan, iki tarap hem ol adalary özüniňki hasap edýärler. Bu adalar öň hususy eýeçilikde bolup, 2012-nji ýylda ol adalaryň bäşisinden üçüsini ýapon hökümeti satyn alýar. Emma Ýaponiýanyň bu hereketine Hytaý garşy çykýar. Öň hususy eýeçilikde bolan bu adalara iki tarapyň hem isleginiň artmagynyň sebäbi ol ýerden tebigy gazyň we nebitiň tapylmagydyr.

Ýaponiýanyň Demirgazyk Koreýa bilen gatnaşyklary çylşyrymly bolmagynda galýar. Demirgazyk Koreýanyň ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk baradaky halkara şertnamanyň düzüminden çykmagy we soňra 2006-njy ýylda atom bombasyny synag etmegi Ýaponiýanyň onuň bilen gatnaşyklarynyň çylşyrymlaşmagyna getirdi. Ýaponiýada KHDR-den goranmak maksady bilen ýaraglanyşygy güýçlendirmek, konstitusiýanyň harby çykdajylary çäklendirmek hakyndaky maddalaryna üýtgetmeler girizmek, atom ýaragyny edinmek barada çykyşlar hem boldy. Ýapon hökümeti bu çykyşlary goldamady. Ýaponiýa daşary syýasatynda KHDR-iň ýadro ýaragy meselesini gepleşikler arkaly, diplomatik ýol bilen çözmegiň amatlydygyndan ugur alýar. Ýaponiýa Demirgazyk Koreýanyň atom ýaragy baradaky meselesini birnäçe gezek halkara derejesinde gozgaýar. BMG-niň Howpsuzlyk geňeşi tarapyndan ballistiki raketalar tehnologiýasynyň ulanylmagynyň Demirgazyk Koreýa üçin gadagan edilendigine seretmezden, onuň 2017-nji ýylyň fewralynda şeýle kysymly ýaragyň täze görnüşini synag etmegi gatnaşyklary has-da ýitileşdirýär.

Ýaponiýa Merkezi Aziýa döwletleri bilen gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berýär. Olaryň arasynda Türkmenistan bilen gatnaşyklar aýratyn bellenmäge mynasypdyr.

**Ýapon-türkmen gatnaşyklary.** 1992-nji ýylyň 22-nji aprelinde Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasynda diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy. 2005-nji ýylyň başynda Aşgabatda Ýaponiýanyň Türkmenistandaky, 2013-nji ýylyň birinji ýarymynda bolsa Tokioda Türkmenistanyň Ilçihanasy açyldy. Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-ýapon komiteti iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklaryň berkemegine ýardam edýär. Ol 1994-nji ýylda döredildi. Şu wagta çenli onuň birnäçe mejlisleri geçirildi. Olaryň işine halkara hyzmatdaşlygy boýunça «Dži-Bi-Aý-Si» atly ýapon bankynyň, daşary söwda guramasynyň (JETRO), «Itochu», «Mitsubishi», «Murabeni», «Misui», «Komatsu», «Džeý Dži Si» kompaniýalarynyň wekilleri işjeň gatnaşýarlar.

Ýaponiýanyň belli «Itoçu korporeýşn» kompaniýasy Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň abatlanylmagyna we döwrebaplaşdyrylmagyna işjeň gatnaşdy. Ýapon işewür adamlary Türkmenistanda gazy arassalaýjy desgalaryň gurluşygyna işjeň gatnaşdylar. Olar türkmen polipropilenini dünýä bazaryna çykarmaga ýardam edýärler. Ýaponiýanyň «Komasu» kompaniýasynyň tehnikalary ýurdumyzda ýol gurluşygynda, Türkmen kölüniň gurluşygynda giňden ulanylýar. Daşoguzdaky Türkmen oba hojalyk institutynda «Komasunyň» hünärmenleri öz tehnikasy boýunça okuwlary yzygider guraýarlar.

2009-njy ýylyň 16–18-nji dekabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ýaponiýa ilkinji resmi sapary boldy. Gepleşikleriň barşynda energetika pudagy, transport we kommunikasiýalar, suw hojalygy hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Ýaponiýa resmi saparyň birinji gününde ykdysady hyzmatdaşlyk baradaky ýapon-türkmen komitetiniň 8-nji mejlisi geçirildi. 17-nji dekabrda hormatly Prezidentimiz Ýaponiýanyň imperatory Akihito tarapyndan mähirli kabul edildi. Milli Liderimiz ýapon işewür dünýäsiniň meşhur kompaniýalarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklary geçirdi. Hormatly Prezidentimiz «Komasu» kompaniýasynyň Osaka şäherindäki maşyngurluşyk zawodyna baryp, onuň tehnikalary bilen içgin tanyşdy. Saparyň jemleri boýunça iki döwletiň arasynda hyzmatdaşlygyň berk hukuk binýadyny döretjek ylalaşyklaryň toplumyna gol çekildi. 2013-nji ýylyň 11–13-nji sentýabrynda hormatly Prezidentimiz Ýaponiýada ikinji gezek resmi saparda bolup, premýer-ministr Sindzo Abe, imperator Akihito bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmäge degişli gepleşikleri geçirdi. Türkmen Lideriniň Ýaponiýa saparynyň bolan günlerinde Tokioda «Ygtybarly hyzmatdaşlygyň ýagty geljegi» atly türkmen-ýapon forumy geçirildi.

«Merkezi Aziýa+Ýaponiýa» gatnaşygynyň çäklerinde hyzmatdaşlyk etmek Türkmenistanyň we Ýaponiýanyň energetika strategiýalaryndan gelip çykýar. Bilşimiz ýaly, Ýaponiýa çig mal we energiýa çeşmelerine ýiti mätäç ýurtdur. Ol bir ýylda 220 *million* tonnadan gowrak nebiti, 90 *mlrd* kubmetrden gowrak suwuk-

landyrylan gazy import edýär. Şol sebäpli Ýaponiýa energetika çeşmelerine baý döwletler bilen ýakyn hyzmatdaşlygy ýola goýmaga artykmaçlyk berýär. Munda Merkezi Aziýa sebitine, aýratyn hem Türkmenistana uly orun degişli. Ýaponiýa Merkezi Aziýadan Owganystanyň üsti bilen Hindi ummanyna çenli turbageçirijileriň gurulmagyna gyzyklanýar. Tokio şu maksat bilen 2004-nji ýylda «Merkezi Aziýa+Ýaponiýa» atly gepleşiklere başlady. Oňa Türkmenistan hem gatnaşýar.

2014-nji ýylyň 17-nji oktýabrynda Maryda Ýaponiýanyň «Kawasaki» we «Sojits» kompaniýalarynyň gatnaşmagynda kuwwaty ýylda 400 *müň* tonna ammiak we 640 *müň* tonna karbamid bolan zawodlar toplumy ulanmaga berildi. Taslamanyň umumy bahasy 1 *milliard* 100 *million* amerikan dollaryna deňdir. Toplum iň häzirkizaman enjamlary – «MW Kellog Ltd» amerikan kompaniýasynyň ammiak öndürýän tehnologiýasy, «Stamikarbon» golland kompaniýasynyň karbamid öndürýän tehnologiýasy, «Uhde» nemes kompaniýasynyň külkeleýän tehnologiýasy bilen enjamlaşdyryldy.

«Itochu» we «Day Nippon» ýapon kompaniýalarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň demir ýol ulaglary ulgamyny, ýükleriň gatnawyny hasaba almagy kompýuterleşdirmek, şeýle hem Aşgabatdaky teplowoz abatlaýyş kärhanasyny düýpli abatlamak taslamasy amala aşyryldy. Ýaponiýanyň «Mitsubishi Corporation» kompaniýasy Balkan welaýatynyň Garabogaz şäherindäki karbamid öndürýän zawodyň, «TOYO Engineering» kompaniýasy Gyýanly şäherçesindäki gazhimiýa toplumynyň gurluşygyna gatnaşdylar.

Türkmenistanyň Prezidenti 2015-nji ýylyň 13–14-nji martynda Ýaponiýada iş saparynda bolup, Sendaý şäherinde geçirilen BMG-niň tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmak babatdaky III Bütindünýä sammitine gatnaşdy. Saparyň barşynda türkmen Lideri imperator Akihito tarapyndan kabul edildi. Türkmenistanyň Baştutany «ITOCHU», «TOYO Engieneering», «Chiyoda», «Kawasaki Heavy Industries», «Mitsubishi», «Sumitomo», «Marubeni», «Toshiba», «Komatsu» ýaly iri ýapon korporasiýalarynyň ýolbaşçylary we beýlekiler bilen işewür duşuşyk geçirdi. Hormatly Prezidentimize Sukuba uniwersitetiniň Hormatly doktory diýen alymlyk derejesi berildi.

2015-nji ýylyň 22–24-nji oktýabry aralygynda Ýaponiýanyň premýer-ministri Sindzo Abe Türkmenistanda resmi saparda boldy. Şu ýerde bir ýagdaýa üns bermegimiz gerek, ol hem Ýaponiýanyň şeýle derejeli döwlet ýolbaşçysy öň hiç wagt ýurdumyza resmi sapar bilen gelmändi. Hormatly Prezidentimiz dünýäniň ösen ýurtlarynyň öňbaşçylarynyň biri bolan Ýaponiýanyň taryhy tejribesiniň Türkmenistanda ulanylmagynyň ähmiýetine aýratyn üns berýär. Saparyň netijesi boýunça umumy bahasy 18 *mlrd* ABŞ dollaryna barabar bolan 10 sany resminama gol çekildi. Sinzo Abe Magtymguly adyndaky TDU-nyň hormatly professory diýen at berildi.



*Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ýaponiýanyň premýer-ministri Sindzo Abe bilen duşuşygy, 2015-nji ýyl*

Ýaponiýanyň Halkara Hyzmatdaşlygy Agentliginiň (JICA) ýardam bermeginde Türkmenistandan hünärmenleriň 280-den gowragy Ýaponiýada tälim aldy. Türkmen-ýapon gatnaşyklary medeni-gumanitar ugurda hem ösdürilýär. 2007-nji ýylda D.Azady adyndaky TMDDI-de ýapon dili hünäri açyldy. 2013-nji ýylda Sukuba uniwersiteti bilen D.Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň arasynda ylmy alyşmalar we hyzmatdaşlyk hakynda ylalaşyga gol çekildi.Agzalan ýokary okuw mekdepleriniň arasynda talyp we mugallym alyş-çalşy ýola goýuldy. Ýaponiýa 2006--njy ýylda Türkmenistanyň Milli kitaphanasyna audio-wizual enjamlary satyn almak üçin 10 *mln* iýen möçberinde (200 *müň* ABŞ dollary) grant berdi. «Türkmen owazy» teleradioýaýlymy «Sony» korporasiýasynyň audio-wideo enjamlary bilen üpjün edildi. Bu korporasiýa Türkmenistana lukmançylyk enjamlaryny ibermek babatda hem hyzmatdaşlygy giňeldýär. Ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamyna ýapon kompaniýalarynyň lukmançylyk enjamlary yzygider ornaşdyrylýar. 2009-njy ýylyň noýabr aýynda Aşgabatda ýapon sazynyň festiwaly geçirildi. 2011-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda Aşgabatda häzirki zaman ýapon aýdym-sazynyň agşamy guraldy. 2007-nji ýylyň aprelinde, 2012-nji ýylyň iýun aýynda Aşgabatda ýapon filmleriniň görkezilişi boldy. Aşgabatda Ýaponiýanyň *ikebana* – janly güllerden çemen bogmak sungatynyň görkezilişi yzygider guralýar. 2016-njy ýylyň 1-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti hem-de türkmen-ýapon orta mekdebi açyldy. Türkmenistanyň orta we ýokary okuw mekdepleriniň köpüsinde ýapon dili dersi girizildi. 2016-njy ýylda Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde Ýaponiýanyň medeniýet-bilim merkezi açyldy. Şol ýylda Tokionyň daşary ýurt dilleri uniwersitetinde türkmen dili okadylyp başlandy.

«Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri», «Ata arzuwyny amala aşyrýan Agtyk» atly kitaplaryň ýapon diline terjime edilmegi Ýaponiýanyň Türkmenistana we onuň Liderine hormatyndan nyşandyr.

♦ 1990-njy ýylda ýapon ykdysatçysy *Keniçi Omaýeniň* «Serhetsiz dünýä» atly kitabynyň çykmagyndan soň «Globallaşmak» adalgasy (ol geçen asyryň 80-nji ýyllarynda amerikan alymlary T.Lewit, J.Maklin, P.Robertson tarapyndan öňe sürlüpdi) adamzadyň has täze, iň häzirkizaman taryhyny aňlatmak üçin giňden ulanylyp başlandy.

♦ Ýaponiýa – dünýäniň iri maliýe merkezi. Dünýäniň bank aktiwleriniň 40%-i Ýaponiýanyň paýyna düşýär. Gymmatbaha kagyzlaryň Tokio biržasy dünýäniň iri maliýe nokadydyr.

♦ **CASIO** – şereketiň düýbüni tutujy Kasio Tadaonyň hormatyna şeýle atlandyrylypdyr.

♦ **FUJI** – Ýaponiýanyň iň beýik dagy bolan Fudzi bilen bagly atlandyrylandyr.

♦ **HITACHI** – ýapon dilinden terjime edilende «säher» diýen manyny berýär.

♦ **HONDA** – esaslandyryjysy Soichiro Hondanyň hormatyna atlandyrylandyr.

♦ **KAWASAKI** – düýbüni tutujy Shoza Kawasakiniň hormatyna atlandyrylandyr.

♦ **MITSUBISHI** – bu ady şereketiň düýbüni tutujy Ýataro Iwasaki 1870-nji ýylda oýlap tapýar. Ol ýaponça **«üç sany göwher gaş»** diýen manyny berýär. Şereketiň ady onuň nyşanynda hem görkezilendir.

♦ **NIKON** – «Nippon Kogaku» sözleriniň gysgaldylan görnüşi bolup, **«ýapon optikasy»** diýen manyny aňladýar.

♦ **NISSAN** – «Nichon Sangio» sözleriniň gysgaldylan görnüşi.

♦ **SONY** – «Sonus» diýen latyn sözünden bolup, **«ses»** diýmegi aňladýar.

♦ **SUBARU** – ýyldyzlar toplumynyň adyndan gelip çykan.

♦ **SUZUKI** – düýbüni tutujy Michio Suzukiniň hormatyna atlandyrylandyr.

♦ **TOSHIBA** – halk hojalygyna degişli harytlary öndürýän Tokyo Denki (Toyo Electrik Co) we Ahibauru Seisaku-sho (Shibaura Engineering Works) şereketleriniň birleşmeginden soň esaslandyryldy.

♦ **TOYOTA** – düýbüni tutujy Sakichi Toyodanyň hormatyna atlandyryldy. Bu söz ýapon dilinde 8 harpdan ybarat. 8-lik san bolsa ýaponlarda şowly san hasaplanýar.

♦ Ýaponiýa ýer titremeleriniň köp bolýan ýurdudyr. Ýylda Rihteriň şkalasy boýunça 4–6 ball aralygyndaky ýer titremeleriniň 1500-siniň bolmagy adaty ýagdaýdyr. Kiçeňräk ýertitreme Ýaponiýanyň ol ýa beýleki künjeginde her günde hasaba alynýar. Hut şonuň üçin-de Ýaponiýa seýsmiki yrgyldylary öňünden çaklamakda dünýäde öňdebaryjy ýurtdur.

♦ Ýaponiýa – dünýäde otlynyň ýeke minut gijä galmagy iň uzak gijä galma hasaplanýan ýurdudyr. Ýurduň ähli demir ýollary diýen ýaly hususydyr.

♦ **Ýapon dilinde aýlaryň ady bolman, olar sanlar bilen belgilenýär.**

♦ **Ýaponiýanyň köçelerinde zibil atylýan gaplar ýokdur.** Her kim hapa-hupasyny öýüne äkidip, ony dört görnüşe bölüp, hapany gaýtadan işleýän ýere tabşyrmaga borçludyrlar.

♦ **Ýaponiýada hiç kim gol çekmeýär.** Oňa derek **her bir ýapon öz ýanynda hususy möhürini – hanko göterýär.**

♦ **Ýaponiýa uzak ýaşly adamlaryň ýurdy.** Ýurtda ýaşy 100-den geçen 50 *müňden* gowrak adam ýaşaýar.

♦ **Ýaponiýa dörtburç garpyzlaryň ýetişdirilýän ýurdudyr.**

♦ **Tüwi – ýaponlaryň esasy nahary.** Ol ertirlikde, günortanlykda, agşamlykda hem iýilýär.

# XIII BAP. KOREÝA ÝARYMADASYNDAKY DÖWLETLER

## § 1. Koreýa Respublikasy



***Koreýa Respublikasy** (koreýçe Tehanminguk, gysgaldylan nusgasy Hangeul, Namhan). Ýurduň koreýçe «Çoson» ady «Säher tämizliginiň ülkesi» diýmegi aňladýar. Koreýa Gündogar Aziýada, adybir ýarymadada ýerleşip, oňa 3200-den gowrak kenarýaka adalary ýanaşýar. Tutuş ýarymadanyň tutýan meýdany 220,8 müň inedördül kilometr bolup, şonuň 99,7 inedördül kilometri Günorta Koreýa degişlidir. Günorta Koreýa tutýan meýdany boýunça dünýäde 109-njy ýerde durýar. Onuň 1400 km guryýer, 8700 km suw serhetleri bar. 2015-nji ýylyň maglumatlaryna görä, ýurduň ilaty 51,7 mln adamdan gowrak bolup, bu görkeziji boýunça ol dünýäde 28-nji ýerdedir.*






**Syýasy ösüşi.** Döwletiň resmi ady «Koreýa Respublikasy» bolup, ol 1948-nji ýylyň 15-nji awgustynda döredilipdi. Koreýa – parlament Respublikasydyr. Onuň ilkinji konstitusiýasy 1948-nji ýylyň 17-nji iýulynda kabul edildi. Konstitusiýa 1960, 1962, 1972, 1980, 1988-nji ýyllarda üýtgeşmeler girizildi. Konstitusiýa ýurtda liberal demokratik syýasy gurluşy jar edýär. Kanun çykaryjy häkimiýet bir palatadan ybarat *Milli Ýygnaga* degişlidir. Ýurduň baştutany prezidentdir.

Ýurduň garaşsyzlyk taryhynda demokratik we awtoritar dolandyryşlar çalşyp durdy. Şu wagta çenli ýurtda 6 sany respublika berkarar edildi. Günorta Koreýa Respublikasy döräninden 1960-njy ýylyň aprel aýyna çenli ýurdy *Li Syn Man* dolandyrdy (*seret: II bölüm, I bap*). Ilki demokratik bolan bu respublika soňra awtokratik dolandyryşa öwrüldi. Li Syn Man 1954-nji ýylda Konstitusiýa girizen üýtgetmelerinde parlamentiň we premýer-ministriň hukuklaryny çäklendirip, özüne çäklendirilmedik hukuklary alypdyr.

1960-njy ýylyň saýlawlarynda onuň netijesi galplaşdyrylyp, Li Syn Man ýene prezidentlige saýlanýar. Mundan nägile halk 19-njy aprelde Seulyň köçelerine çykýar. Parlament prezidenti iş başyndan aýyrmak kararyna gelýär. 27-nji aprelde Li Syn Man häkimiýetden el çekip, daşary ýurda gidýär. Bu wakalar Demirgazyk Koreýanyň taryhyna «*aprel rewolýusiýasy*» hökmünde girdi. 1-nji oktýabrda Ikinji Respublika yglan edilip, onuň prezidentligine Ýun Bo Son saýlanýar. Ol Demokratik partiýanyň (*Minçžudan*) öňbaşçysydy. Ikinji demokratik Respublika bir ýyla ýetmän – 1961-nji ýylyň 15-nji maýyndan 16-syna geçilen gije harbylar tarapyndan agdaryldy. Ony ýurduň geljekki prezidenti general Pak Çon Hi amala aşyrdy. 1960–1962-nji ýyllarda *Ýun Bo Son*, 1963–1979-njy ýyllarda general *Pak Çon Hi* ýurdy dolandyrdylar. 1963–1972-nji ýyllarda 4-nji respublika dowam etdi. 1972-nji ýylyň 17-nji oktýabrynda halkyna radioýüzlenmesinde Pak Çon Hi ýurtda harby düzgüniň girizilýändigini yglan etdi.



*Pak Çon Hi*

1972-nji ýylyň 21-nji dekabrynda demokratik azatlyklary kemelden täze Konstitusiýa güýje girdi. Dördünji respublika yglan edildi (1972–1981). 1979-njy ýylyň 26-njy oktýabrynda Pak Çon Hi öldürilenden soň, ýurtda adatdan daşary ýagdaý girizildi.



*Çon Du Hwan*

1981–1987-nji ýyllarda Günorta Koreýanyň taryhynda 5-nji respublika dowam etdi. General *Çon Du Hwan* 1980–1988-nji ýyllarda prezident kürsüsini eýeledi. Onuň dolandyran döwrüniň başlarynda demokratiýa gysylyp, diýdimzorlyk düzgüni höküm sürdi. Onuň prezidentliginiň birinji möhletinde 30 *müňden* gowrak adam syýasy äheňler boýunça azatlykdan mahrum edildi. Ýurtda antisosial elementlere garşy



No The U

göreşmek üçin 25 sany «*türgenleşik lagerleri*» döredilipdir.

Üçünji, dördünji, bäşinji Respublikalar nominal taýdan demokratik hasaplansa-da, olar harby dolandyryşyň dowamydy. 80-nji ýyllaryň ikinji ýarymyndan başlap demokratik düzgünler girizildi. 1988–1993-nji ýyllarda *No The U* ýurdy dolandyrdy. Ol ýurdy demokratik esaslarda dolandyrmagyň tarapdarydy.

1988-nji ýylda geçirilen ählihalk sala salyşlygynyň netijesinde täze Konstitusiýa kabul edildi. Oňa laýyklykda, öňki basgançakly saýlawlar ýatyrylyp, göni prezident saýlawlary girizildi. Parlamentiň hukuklary giňeldildi, metbugat azatlygy berkidildi.

90-njy ýyllarda ýurtda demokratik özgertmeleriň tapgyry geçirildi. 1993-nji ýyldaky prezident saýlawlary mahaly No The U we onuň egindeşleri häkimiýeti öz şahsy bähbitlerine ulanmakda aýyplandylar. «Hakykat topary» Çon Du Hwanyň we No The Unuň etmişleriniň üstüni açyp, Çon Du Hwany ölüm jezasyna, No The Uny ömürlik tussaglyga höküm etdi. Kim De Čžunuň döwründe olar aklanyldy. 1993-nji ýylyň saýlawlarynda Demokratik liberal partiýadan *Kim Ýon Sam* ýeňiş gazanyp häkimiýete geldi. «*Durnuklylyk şertlerindäki özgertmeler*» täze hökümetiň esasy şygaryna öwrüldi. Ýurtda syýasy krizis dowam etdi. 1997-nji ýylda Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlaryny gurşap alan ykdysady krizis sebäpli dörän kynçylyklary peýdalanyp, oppozisiýanyň ýolbaşçysy *Kim De Čžun* prezident boldy. Ol daşary syýasatda Demirgazyk Koreýa bilen gatnaşyklary gowulaşdyrmak boýunça köp işleri etdi. 2000-nji ýylyň ortalarynda ol KHDR-iň döwlet ýolbaşçysy Kim Çen Ir bilen duşuşyk geçirdi. Ol demokratik özgerdişleri amala aşyrýar. Prezident wezipesine geçen güni sözlän sözünde ol şeýle diýýär: «*Demokratiýa we ykdysadyýet ikisi ugurdaş ösmelidir. Çünki demokratiýa we ykdysadyýet bir medalyň iki ýüzüdir*». Kim De Čžun geçirimliligi, demokratlygy, ynsanperwerligi bilen halkyň göwnünden turýar. Ol häkimiýete gelenden soň, ýurduň öňki prezidentleri Çon Du Hwan (1980–1988 ý.) we No The U (1988–1993 ý.) dagylary tussaglykdan boşadýar. Bu ýagdaý ýurduň ilatyny jebisleşdirýär, prezidente halkyň hormatyny has-da artdyrýar. Kim De Čžun halkara derejesinde demokratiýany ösdürmekde, parahatçylygy gorap saklamakda bitiren hyzmatlary üçin 2000-nji ýylda Nobel baýragyna mynasyp bolýar.



Kim De Čžun

2002-nji ýylyň dekabrynda bolan prezident saýlawlarynda 1946-njy ýylda doglan *No Mu Hýon* ýeňiş gazandy. Ol 2003–2008-nji ýyllarda prezident boldy. Ol saýlawçylara ýerine ýetirip bolmajak wadalary köp beripdir. No Mu Hýon KHDR bilen gatnaşyklary sazlamagy, hepdede 5 günlük iş düzgünini girizmegi, paýtagty Seuldan özüniň kazy bolup işlän şäherine – Tedžona geçirmegi wada beripdir. Onuň döwrün-

de ýurduň ykdysady ýagdaýy gowulanýar. Emma No Mu Hýonyň dolandyran döwründe syýasy garşylyklar ýitileşýär. Onuň kömekçilerini parahorlykda aýyplaýarlar. Ýurduň parlamenti onuň prezidentlik wezipesine laýyk däldigi barada karar kabul edýär. Emma bu karary Konstitusion kazyýet yzyna gaýtarýar. 2008-nji ýylyň fewralynda No Mu Hýon işden aýrylandan soň, para meselesi boýunça derňew dowam etdirilýär. 2009-njy ýylda ol özüniň janyna kast edip, ýogalýar.

2007-nji ýylyň ahyrynda geçen prezident saýlawlarynda *Li Mýon Bak* ýeňiş gazanyp, 2008–2013-nji ýyllarda prezident bolýar.



***Li Mýon Bak** 1941-nji ýylyň 19-njy dekabrynda Ýaponiýada dogulýar. Çagalyk we ýetginjeklik ýyllary köp azap görýär. Ýaponiýadan watanyna gaýdyp gelýärkä, olaryň maşgalasynyň münen gämisi heläkçilige uçraýar. Maşgalasy Ýaponiýada toplan ähli pullaryny suwa aldyryp, hiç zatsyz ýurduna gelýär. Li Mýon Bak diňe tutanýerliligiň, zähmetsöýerligiň hasabyna durmuşda öz ornuny tapýar. Ýokary okuw mekdebiniň «Biznesiň administratory» hünärini tamamlap, «Hyundai» kompaniýasynda ýönekeý işgärden direktora çenli 27 ýyl dürli wezipelerde işleýär. Parlamentiň deputaty bolýar, ABŞ-nyň ýokary okuw mekdepleriniň birinde ylym bilen meşgullanýar. ABŞ-dan gelenden soň Seul şäheriniň meri bolýar. 2008-nji ýylda onuň doglan güni geçen prezident saýlawlarynda ýeňiş gazanyp, 2008–2013-nji ýyllarda Koreýa Respublikasynyň prezidenti bolýar.*

Li Mýon Bakyň özi garyplygyň güzabyny gerdeninde çeken adam bolandygy sebäpli, ilkinji nobatda, halkyň hal-ýagdaýynyň gowulanmagyna üns berýär. Ilatyň jan başyna düşýän milli girdejini artdyrmagyň aladasyny edýär. Ol özüniň ýatlama kitabynda «*Durmuşda meniň mugallymym garyplyk we ejem bolupdy*» diýip ýazýar. Onuň bu kitabyny okanyňda diňe bir geljekki prezidentiň başdan geçirmelerini däl, eýsem, tutuş ýurduň taryhyny, halkyň başyndan geçiren kynçylyklaryny, daşary döwletleriň günäsi bilen ikä bölünen halkyň gören azaplaryny duýmak bolýar. Iki Koreýanyň arasyndaky urşuň, uruşdan soňky garşylyklaryň halka ýetiren zyýanlaryny göz öňüne getirmek bolýar. Şol kynçylyklary gören prezident iki Koreýanyň halklarynyň ýakynlaşmaklary, geljekde bir döwlete birleşip, koreý halkynyň abadan, bolçulykda ýaşamagy üçin alada edýär. Onuň tagallasy bilen dünýä maliýe-ykdysady çökgünliginiň Günorta Koreýa eden ýaramaz täsirlerinden ýurdy alyp çykmak başardýar.

Li Mýon Bak entek Seulyň häkimi wagty halkyň göwnünden turýan ägirt uly taslamalary amala aşyrypdy. 2005-nji ýylda 400 *müňden* gowrak agaç ekilen Seul tokaýlygyny döretdi. Dört ýylyň dowamynda uly çykdajylary edip, Seulyň içinden akyp geçýän, ilatyň hapa-hupa atýan ýerine öwrülen *Çhongeçhon derýajygyny* arassalap, onuň ýakasyny seýilgäh zolagyna öwürdi hem-de 2005-nji ýylda ulanmaga berdi. Tebigaty goramakdaky tagallalary üçin 2007-nji ýylda «Time» žurnaly tarapyndan «Daşky gurşawy goramagyň gahrymany» diýlip yglan edildi.



*Çhongeçhon derýajygy*

JIÖ-niň ýyllyk artyşyny 7%-e çenli artdyrmak, onuň jan başyna paýlanyşyny 40 *müň* amerikan dollaryna ýetirmek, Koreýany dünýäde ykdysady taýdan ösen 7-nji döwlete öwürmek («*Koreýa 7-4-7*» *meýilnamasy*), Pusandan Seula çenli kanaly çekmek – Li Mýon Bakyň saýlawlaryň öň ýanyndaky öz öňünde goýan uly meýilnamasyna girýärdi. Ol Milli talyp gaznasyny döretdi. Ol boýunça talyplara okuw töleglerini tölemekde hökümet goldawy berildi. Li Mýon Bak informasion tehnologiýalary ulanmakda dünýäde 1-nji ýerde durýan elektron hökümeti döretmegi başardy.

Altynjy Respublikanyň döremegi bilen ýurt demokratik dolandyryşa gaýdyp geldi. 2013-nji ýylyň başynda geçirilen saýlawlarda ýurduň taryhynda ilkinji zenan *Pak Kyn He* ýeňiş gazanyp, 2013–2017-nji ýyllarda prezidentiň kürsüsini eýeledi.



***Pak Kyn He*** *– Koreýa Respublikasynyň 11-nji prezidenti (1952-nji ýylda doglan). 2004–2006 we 2011–2012-nji ýyllarda Beýik ýurt partiýasynyň öňbaşçysy. 2012-nji ýylda partiýa adyny «Senuri» («Täze gözýetimleriň partiýasy») diýip üýtgetdi. 2007-nji ýylyň saýlawlarynda ýeňlen Pak Kyn He 2012-nji ýylyň saýlawlarynda öňe saýlanmagy başardy. 2013-nji ýylyň 25-nji fewralynda prezidentiň wezipesine girişdi. Ol işe girişen badyna: «Men biziň ykdysady ösüşimiziň miweleriniň diňe iri korporasiýalara däl-de, hemmämize ýetmegini gazanmaga çalşaryn» diýdi. Ömrüni syýasata bagyşlan bu zenan hiç haçan durmuşa çykmady. Ol degşip: «Men öz Watanyma adagly» diýip jogap berýärdi.*

Pak Kyn He ýurdy 1963–1979-njy ýyllarda dolandyran general Pak Çon Hiniň gyzydyr. Pak Çon Hi ýurdy diktatorçylyk usullary bilen dolandyran hem bolsa, hut onuň döwründe häzirki ösen Koreýanyň düýbi tutulypdy. Onuň döwründe ýurt gülläp ösüpdi. Muňa garamazdan, Pak Kyn He kakasynyň etmişleri üçin halkyndan ötünç sorady. Bu bolsa koreý halkynyň jebisleşmegine ýardam edýär.

Ýurtda köp partiýalylyk ulgamy dowam edýär. 1948-nji ýylda Li Syn Man tarapyndan esaslandyrylan *Liberal partiýa* esasy syýasy güýçdi. Prezidentiň gözegçiliginde bolan bu partiýa konserwatiw pozisiýany eýeleýärdi. Pak Çon Hiniň döwründe Demokratik Respublikan partiýa döwlet gurluşynyň esasy daýanjy bolupdy. 1967-nji ýylda Kim De Çžunuň baştutanlygynda iki sany oppozision partiýa – *Halk partiýasy* we Koreýanyň täze partiýasy Täze demokratik partiýa birleşdiler. Ol 1980-nji ýylda öz-özüni ýatyrdy. Çon Du Hwanyň döwründe *Demokratik adalatlylyk partiýasy* esasy syýasy güýç boldy. 1984 we 1985-nji ýyllardaky umumymilli talyp çykyşlaryndan soň *Täze Koreýanyň Demokratik partiýasy* döredildi. 1987-nji ýylda onuň düzüminden bölünip aýrylan Kim Ýon Sam *Gaýtadan birleşmegiň demokratik partiýasyny* esaslandyrdy. Kim De Çžun bolsa *Parahatçylyk we demokratiýa* partiýasyny esaslandyrdy. 1990-njy ýylyň ýanwarynda Gaýtadan birleşmegiň demokratik partiýasy *Demokratik adalatlylyk partiýasy* bilen birleşip, Demokratik Liberal partiýany esaslandyrdylar. Bu birleşmä garşy bolan syýasy güýçler 1991-nji ýylda *Demokratik partiýany* döretdiler. «Hyundai» kompaniýasyny dörediji Çon Čžu Ýon 1992-nji ýylda *Birleşdirilen Halk partiýasyny* döretdi.

2016-njy ýylda Koreýa Respublikasynda syýasy krizis başlandy. Syýasy garşydaşlary Pak Kyn Heni jorasyna (Çhwe Sun Sil) aşa ynanmakda, ony döwlet işlerine ýakynlaşdyrmakda aýypladylar. Pak Kyn Heden häkimiýetden gitmegi talap edip, köpçülikleýin halk çykyşlary başlandy. Seuldaky halk hereketlerine 2016-njy ýylyň dekabr aýynyň başlarynda milliondan gowrak adam gatnaşdy. Koreýa Respublikasynyň taryhynda beýle köpçülikleýin halk hereketleri öň bolmandy.

2016-njy ýylyň 9-njy dekabrynda ýurduň parlamenti Pak Kyn Heni prezident wezipesinden daşlaşdyryp (impiçment), meseläni Ýokary kazyýetiň garamagyna geçirdi. Ýokary kazyýet Koreýa Respublikasyndaky kanunlara görä, prezidentiň häkimiýetden çetleşdirilmegini (impiçment) 180 günüň dowamynda kanuny ýa-da kanuny däl diýip yglan edýär. 2017-nji ýylyň 10-njy martynda konstitusion kazyýet impiçmenti biragyzdan tassyklansoň, Pak Kyn He öz wezipesini bes etdi. 30-njy martda ol para almakda, häkimiýetden hyýanatçylykly peýdalanmakda, gizlin maglumatlary döwlet gullukçysy bolmadyk adamlara bermekde aýyplanyp, tussag edildi.


*Mun Čže In*

2017-nji ýylyň 10-njy maýynda Koreýa Respublikasynyň 12-nji prezidentligine käri boýunça hukukçy *Mun Čže In* (1953-nji ýylda doglan) geçdi.

**Ykdysady ösüş.** Koreýa Respublikasy çalt ösýän senagatly, oba hojalykly döwlet hasaplanýar. 1950-nji ýylda agrar özgertme geçirilip, 900 *müň* töweregi daýhana ýer bölekleri paýlanyp berildi. Ýurduň halk hojalygyny ösdürmekde bäşýyllyk meýilnamalara üns berildi. 60–90-njy ýyllarda bäşýyllyk meýilnamalaryň 6-sy kabul edildi. Olaryň hersi

kesgitli meseleleri çözmäge gönükdirilendi. Birinji bäşýyllykda (1962–1966) netijeli ösýän senagaty döretmäge, elektroenergiýa, nebit-himiýa senagatyna, sement önümçiligine üns berildi. Ikinji bäşýyllykda (1967–1971) senagaty döwrebaplaşdyrmaga, öň daşyndan getirilýän önümleri öndürmäge ukyply polat önümçiligi, maşyn gurluşygy, himiýa senagaty ýaly pudaklaryň ösdürilmegine artykmaçlyk berildi. Üçünji bäşýyllyk (1972–1976) eksporta niýetlenen önümçiligiň örän çalt depginde ösmegi bilen alamatlandy. Bu pudaklar ozaly bilen agyr senagaty we himiýa pudagyny, maşyn gurluşygyny, elektronikany, gämi gurluşygyny, nebiti gaýtadan işlemegi öz içine alýardy. Dördünji bäşýyllykda (1977–1981) ýurt dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyply harytlary öndürmäge gönükdirilen ugry saýlap aldy. Ylma daýanýan ýokary tehnologik pudaklar – maşyn gurluşygy, elektronika, gämi gurluşygy, himiýa senagaty strategiki pudaklar hökmünde saýlanyp alyndy. Geçirilen özgertmeleriň netijesinde agyr we himiýa senagaty 1981-nji ýylda 51,8 % ösüş gazandy. Eksportyň möçberi 45,3%-e çenli artdy. Bäşinji we altynjy bäşýyllyklarda öň agyr we himiýa senagatlaryna berlen üns indi elektrotehnika, ýarymgeçirijileriň önümçiligi, informasion tehnologiýalar ýaly ýokary tehnologiki önümçiliklere geçirildi. Ýedinji (1992–1996) we indiki bäşýyllyklarda hem şu ugur dowam etdirildi. Ýeri gelende ýatlasak, Günorta Koreýa halkara elektroaragatnaşyk birleşmesiniň maglumatlaryna görä, 2009-njy ýylda informasion-kommunikasion tehnologiýalary öndürmekde Şwesiýadan soň 2-nji ýeri eýeledi.

**«Hangan derýasynyň boýundaky gudrat».** Soňky 40 ýylyň dowamynda ykdysadyýetiň eksport ugurlaryna üns bermek bilen, Koreýa çalt ykdysady ösüş depginini gazanmagy başardy. Ol bu döwlet babatda «*Hangan derýasynyň boýundaky gudrat*» adalgasynyň ulanylmagyna getirdi. «*Koreý ykdysady gudraty*» amerikan we ýapon kompaniýalary tarapyndan berlen tehnologik kömek hem-de koreý hökümetiniň öz hususy öndürijilerine kömek bermäge gönükdirilen proteksionizm



*Hangan derýasynda gurlan maslahatlar merkezi*

syýasaty bilen baglydyr. Elektronika, gämi gurluşygy, awtoulag senagaty senagatyň ileri tutulýan ugurlary hökmünde saýlanyp alyndy. Hökümet bu pudaklarda täze önümçilikleriň açylmagyny hemmetaraplaýyn höweslendirdi. Netijede, senagat önümçiligi ýylda 25%-e, 70-nji ýyllaryň ortasynda bolsa 45%-e çenli ýokarlandy.

Döwlet demir ýollara, elektroenergiýa çeşmelerine, suw üpjünçiligine, awtoýollara we portlara döwlet eýeçiligini saklap galdyrdy. Millileşdirmäge üns berildi. Ähli bank ulgamy döwletiň gözegçiligine geçdi. Döwlet ösüşi üpjün etmek üçin karz almakdan çekinmedi. ABŞ-dan we Ýaponiýadan alnan karzlar ýurdy ösdürmäge gönükdirildi. Hökümet daşary ýurt maýa goýumyny hemmetaraplaýyn höweslendirýär. ABŞ, Ýaponiýa, Beýik Britaniýa Koreýa düýpli maýa goýýan iri döwletlerdir. 2009-njy ýylda Koreýa 12,5 *mlrd* amerikan dollary möçberinde daşary ýurt maýa goýumy çekildi.

Çig mala garyplygy Koreýa Respublikasyny ylma daýanýan önümçilige üns bermäge mejbur etdi. Koreýler ykdysadyýeti ösdürmek, döwrebaplaşdyrmak üçin, ozaly bilen, pikirlenmegi döwrebaplaşdyrmagyň zerurdygyna düşündiler. Hökümet koreý halkynyň intellektual goruna hem-de jepakeş zähmetine daýanyp, ýurduny bary-ýogy soňky 40 ýylyň dowamynda dünýäniň iň bir ösen derejeleriniň hataryna çykardy.

Koreýa Respublikasy çalt ösýän senagatly, oba hojalykly döwlet hasaplanýar. Koreýler öz ýurduny «*dinamiki Koreýa*» diýip atlandyrýarlar. Şeýle diýmäge



*Seulyň gijeki görnüşi*

doly esas bar. Munuň şeýledigine ýurduň ykdysady görkezijileri hem güwä geçýär. 70–80-nji ýyllarda onuň bir ýyldaky ykdysady ösüş depgini 8% töweregi boldy. 1986–1988-nji ýyllar aralygynda bu görkeziji 12%-e çenli ýokarlandy. 90-njy ýyllar koreý ykdysadyýetiniň dünýä ykdysadyýetine işjeň goşulyşýan ýyllary boldy. Bu döwürde Koreýa ençeme halkara ykdysady guramalarynyň agzasy boldy. Ilatyň girdejileri ýokarlandy. Emma 90-njy ýyllarda ykdysady ösüş depgini birneme haýallap başlady. 1997-nji ýylda ýurdy ykdysady çökgünlik gurşap aldy. Ýurduň daşarky bergisi artdy. 17 *müňden* gowrak telekeçi tozdy. Hökümet kynçylykdan çykmak üçin Halkara pul gaznasyna kömek sorap ýüz tutdy. Ýurdunyň kynçylykly gününde koreý halky öz hakyky watançylygyny görkezdi. Alnan 58 *mlrd* dollar möçberindäki karzlary üzmäge kepil hökmünde öz ýygnan altyn-kümüş süýşürintgilerini hökümete meýletinlik bilen tabşyrdy. Hökümet tarapyndan geçirilen çäreleriň netijesinde Koreýa çökgünlikden çalt çykmagy we özüni basym dürsemegi başardy. Halkyň gymmatbaha süýşürintgileri ýene onuň özüne gaýtarylyp berildi. Eýýäm 1999-njy ýylda ykdysady ösüş 10%-e ýetdi. 2003-nji ýyldan başlap Günortanyň ykdysadyýeti täzeden galkynyp başlady.

1996-njy ýylda Koreýanyň haryt dolanyşygy 280 *mlrd* dollara, eksporty 130 *mlrd* dollara ýetdi. 2012-nji ýylyň maglumatlaryna görä, Koreýanyň JIÖ 1,457 *trln* dollara ýetdi. 2009-njy ýylda Koreýanyň walýuta gorlary 929,1 *mlrd* dollara ýetdi. Şol ýylda onuň JIÖ-ni jan başyna paýlanyňda 19,231 dollara barabar bolup, bu babatda Koreýa dünýäde 11-nji orny eýeleýärdi. Bu görkeziji 1962-nji ýylda bary-ýogy 87 dollara barabardy. 2013-nji ýylda Günorta Koreýanyň ykdysadyýeti JIÖ-niň möçberi boýunça 12-nji, onuň ilatynyň satyn alyş ukybyna gatnaşygy boýunça 15-nji ýerdedi. Ýurduň ykdysady ösüşini üpjün etmek we Koreýanyň halkara abraýyny ýokary galdyrmak koreý diplomatiýasynyň esasy wezipesi bolup durýar.

Ykdysadyýetinde gaýtadan işleýän senagata möhüm orun degişlidir. Gämileri, awtoulaglary, elektronika we elektrotehnika önümlerini, polat öndürmekde dünýäde öňdebaryjy döwletleriň hataryna girýär. 2008-nji ýylyň maglumatlaryna görä, Koreýa ýarymgeçirijileri öndürmekde dünýäde 3-nji, elektron enjamlarynda 4-nji, awtomobil, tekstil, metallurgiýa, nebit-himiýa pudaklarynda 5-nji orunlary, polat öndürmekde 6-njy orny eýeleýär.

Koreýa dünýäde iň iri gämi öndüriji ýurtdur. Dünýäde öndürilýän gämileriň tas ýarysyna golaýy (45%) bu ýerde öndürilýär. Koreýanyň «Samsung», «LG», «Hyundai», «Daewoo» kompaniýalary dünýäniň elektrotehnika, durmuş enjamlary, awtoulag harytlary bazarynda özüniň mynasyp ornuny eýeleýär. Olar dünýäniň iri transmilli korporasiýalarynyň 100-lügine girýär.

2008-nji ýylda Koreýanyň eksportynyň möçberi 422 *mlrd* dollara deň boldy. Ýurduň bilimleriň ykdysadyýeti ministrliginiň maglumatlaryna görä, şol ýylda Koreýa 43,1 *mlrd* dollar möçberinde gämileri, 37,8 *mlrd* dollar nebit önümlerini, 35,7 *mlrd* dollarlyk simsiz aragatnaşyk serişdelerini, 34,9 *mlrd* dollarlyk awtoulaglary,

32,8 *mlrd* dollar ýarymgeçirijileri, 29,8 *mlrd* dollar polat önümlerini, 18,3 *mlrd* dollar ýasy ekranly displeýleri we sensorlary, 14 *mlrd* dollarlyk awtoulag şaýlaryny, 13,4 *mlrd* dollarlyk sintetik ýaglaryny, 10,7 *mlrd* dollarlyk kompýuterleri daşarky bazara çykardy. Koreýa jemi 18 döwlet, şol sanda Çili, Singapur, erkin söwda boýunça Ýewropa assosiasiýasy, ASEAN ýurtlary, ABŞ, Hindistan bilen erkin söwda gatnaşyklaryny alyp barýar. Günorta Koreýa köp ykdysady görkezijileri boýunça Aziýada Ýaponiýadan soň ikinji ýerde durýar.

**Koreýanyň energetika syýasaty.** Koreýa gudratynyň döremeginiň bir sebäbi ýurduň çig mal resurslaryna we tebigy baýlyklara onçakly baý bolmazlygydyr. Çig mallar ýurduň iki böleginde deň paýlanan däldir. Meselem, kömrüň barlanan gorlarynyň 6,6 *mlrd* tonnasy demirgazykda, 1,7 *mlrd* tonnasy bolsa günortadadyr. Ýurt ikä bölünende, senagat ähmiýetli etraplaryň we çig mal resurslarynyň aglabasynyň Demirgazykda galyp, Günortanyň paýyna diňe ýeňil senagata we oba hojalygyna ýöriteleşen etraplar galypdy. Günorta Koreýada galaýynyň, grafitiň baý gorlary bar. Ýurt wolfram öndürmekde dünýäde esasy orny eýeleýär. Energetika çeşmelerine gezek gelende welin, Koreýa oňa ýiti mätäçlik çekýän ýurt. Ol esasy ýangyç-energetika çeşmeleri bilen özüni daşyndan üpjün etmeli bolýar. Mysallara ýüzlensek, Koreýa 2007-nji ýylda 107,6 *mln* tonna nebit sarp edip, ol nebiti import edýän ýurtlaryň arasynda dünýäde 5-nji orunda durupdyr. Kömür, demir, agaç we beýleki çig mallar hem daşyndan getirilýär. Ýurdy elektrikleşdirmek 1898-nji ýyldan başlanýar. Şol ýyl Hansung elektrostansiýasy gurlupdyr. Ýurduň energetika syýasatyny Koreýanyň energetika we kuwwatlyklar korporasiýasy (KEPCO) ýöredýär. 1977-nji ýylda ilkinji AES işe girizildi. 90-njy ýyllarda ýurduň energetika üpjünçiliginiň ýarpysyny ýurduň 9 sany AES-i, 45%-ini ýylylyk, 5%-ini gidroelektrik stansiýalary üpjün edýärdi. 2010-nji ýyldaky ýagdaýa görä, Günorta Koreýa AES-leriň sany boýunça dünýäde 5-nji ýerde, Aziýada 2-nji ýerde durýardy. Ýurtda 40-dan gowrak ýel energiýasy stansiýalary bar. Koreýa dünýäniň ençeme ýurtlarynda energetika taslamalaryna gatnaşýar. Ol Kanadada, Hytaýda, Gazagystanda, Liwanda, Müsürde, Liwiýada, Iordaniýada, BAE-de, Filippinlerde, Indoneziýada, Awstraliýada elektrostansiýalaryň gurluşygyna gatnaşdy.

Energiýa çeşmeleriniň 51%-i nebitiň hasabyna üpjün edilýär. Nebit, esasan, Ýakyn Gündogardan eksport edilýär. Koreýa dünýäde gysylan gazy import etmekde dünýäde 2-nji, umuman tebigy gazy import etmekde bolsa 7-nji ýerde durýar. Kömür, esasan, Hytaýdan we Awstraliýadan getirilýär. Nebit-himiýa pudagy koreý ykdysadyýetinde entek ýaş. Ol geçen asyryň 70-nji ýyllarynda döreýär. Muňa garamazdan, ol gysga döwrüň içinde ýurduň ykdysadyýetiniň möhüm pudaklarynyň birine öwrüldi. Ulsan, Inçhon, Tesan şäherlerinde nebit-himiýa pudagynyň iri senagat toplumlary ýerleşýär. Ulsandaky toplum 1 130 *müň* tonna etileni çykarmaga ukyply. Inçhondaky toplumyň kuwwaty bolsa oňa iki esse ýokarydyr. Bu toplum kuwwatlylygy boýunça dünýäde 17-nji orunda durup, korporasiýa dünýäniň 14 ýur-

dundaky nebit ýataklarynyň 24-sinde şol ýataklary işläp geçmek, gözleg we önüm çykarmak boýunça giňişleýin iş alyp barýar. Bu toplum nebit-himiýa önümçiliginiň 40-syndan ybaratdyr. Bu ýerde ýylda 50 *mln* tonna nebit gaýtadan işlenilýär.

Eýsem, nebit we gaz gorlaryna düýbünden eýe bolmadyk Koreýa nädip bu pudakda uly üstünligi gazanyp bildikä? Muňa bir söz bilen «şu çig mala zerurlyk» diýip jogap berip bolardy. Bu çig maly daşyndan getirmeli bolan Koreýa oňa baý ýurtlara nebiti we gazy gazyp almak üçin özüniň amatly enjamlaryny we tehnologiýalaryny teklip etdi. Şu günki günde Koreýanyň şereketleri 15-e golaý ýurtda 30-dan gowrak nebit-gaz gözleg we çykaryş amallaryny ýerine ýetirýär. Öwezine bolsa, elbetde, özüne bu çig maly, mümkingadar, arzan bahadan satyn almaga synanýar. Getirilen çig nebiti gaýtadan işläp, ondan öndüren ýokary hilli nebit-himiýa önümlerini bolsa dünýä bazarynda satyp, ummasyz girdejileri gazanýar.

**Koreý çebollary.** «Koreý ykdysady gudraty» ägirt uly koreý konsernleriniň (çebol) taryhy bilen aýrylmaz baglydyr. *Çebollar* – söwda, önümçilik, hyzmatlar boýunça döredilen kompaniýalar toparydyr. Koreý çebollary maksadalaýyk döredilip, hökümet olaryň dünýä bazaryna çykmaga ukyplylaryna aýratyn ýeňillikleri döretdi. Olara ýeňillikli karzlar berildi. Çebollaryň döredilmegi ýurtdan çykarylýan eksport harytlaryň möçberiniň artmagyna getirdi. 1987-nji ýylda diňe 4 sany iri çebolyň eksportynyň möçberi 80,7 *mlrd* dollara ýetip, ol jemi milli önümiň üçden birine barabar boldy.

Bu günki gün Günorta Koreýa diýlende, dünýäniň ähli künjeginde onuň meşhur «LG», «Samsung», «Hyundai», «Daewoo» kompaniýalary we olaryň öndüren gündelik durmuşda ulanylýan harytlary göz öňüne gelýär. Bu kompaniýalaryň harytlary dünýäniň ähli yklymlarynda islegli hem geçginli. Ýokary hili hem-de elýeterli bahalar koreý harytlarynyň dünýä bazaryny baglamagynyň esasy sebäbi. Koreýanyň «Samsung», «LG», «Hyundai», «Daewoo» kompaniýalary dünýäniň elektrotehnika, durmuş enjamlary, awtoulag harytlary bazarynda özüniň mynasyp ornuny eýeleýär.

**«Samsung»** korporasiýasy 1938-nji ýylda esaslandyryldy. Koreý dilinde «*Samson*» – «*üç ýyldyz*» diýen manyny berýär. Biziň köpimiz «Samsung» diýlende ykjam telefonlary, gündelik durmuş harytlaryny, elektron enjamlaryny öndürýän kärhanany göz öňüne getirýäris. Geň ýeri, ol döredilen mahaly bu zatlaryň öndürmegi asla göz öňünde tutmandy. Kakadylan balygy lomaý satyjy firma hökmünde dörän bu korporasiýa 60-njy ýyllarda öz örüsini has giňeldýär. 1973-nji ýylda ol durmuş tehnikasyny öndürýän zawodyň gurluşygyny tamamlady. «Samsung» geçen asyryň 90-njy ýyllaryndan başlap dünýä bazaryny ymykly eýeläp, bu gün dünýäni aňk edýär. 2004-nji ýylda korporasiýa ykjam telefonlary öndürmekde dünýäde «Nokia»-dan soň 2-nji orna geçdi. 2004-nji ýylyň başynda «Samsung» dünýäde ilkinji bolup suwuk kristal ekranly telewizorlary öndürmäge girişdi. Häzirki wagtda dünýäniň 50-den gowrak ýurdunda kompaniýanyň wekilhanasy bar. Hä-

zirki wagtda «Samsung» kompaniýalar toparyna Samsung Electronics, Samsung SDI, Samsung Electro-Mechanics (SEMCO), Samsung Data Systems, Samsung Advanced Institute of Technology (SAIT) we beýlekiler (jemi 50-den gowrak kompaniýa) girýär. Olaryň has irisi Samsung Electronics özüniň esaslandyrylan gününden başlap işjeň kadrlar syýasatyny alyp barýar. Ol sowatly, zähmetsöýer, maksadaokgunly, ýaş işgärlere öwretmäge ukyply adamlary işe çekýär. «Öňdebaryjy işgärler hem-de iň täze tehnologiýalar iň ýokary hilli harytlaryň we hyzmatlaryň döredilmegine hyzmat etmelidir – diňe şonda biz has kämil dünýä jemgyýetine öz goşandymyzy goşup bileris» – ine, şeýle syýasat «Samsung Electronics»-iň filosofiýasyna ýazylandyr. Konserniň Samsung Engineering kompaniýasy BAE-de Burj Halifanyň, Malaýziýada Petronas ekiz diňleriniň, Taýwandaky Taýbeý 101 belent binasynyň gurluşygyny alyp bardy.




Ýaşlygynda ýükçi we awtoslesar bolup işlän Çon Çžu Ýon 1947-nji ýylda dogany bilen birlikde **«Hyundai»** (*Hýönde* – «*häzirki zaman*» diýmegi aňladýar) gurluşyk firmasynyň düýbüni tutupdyr. Ol ilkibada Ýakyn Gündogarda we Günorta-Gündogar Aziýada binalary «açaryny tabşyrmak» şerti bilen gurmaga ýöriteleşýär. 1967-nji ýylyň dekabr aýynda «Hyundai» kompaniýasy tarapyndan awtoulaglar öndürilip başlandy. Bu waka Günorta Koreýada awtoulaglaryň senagat taýdan öndürilmeginiň başyny başlapdy. Kompaniýa ilkibada «Ford» kompaniýasynyň britan bölümi bilen hyzmatdaşlyk edip başlaýar. 1973-nji ýylda kompaniýanyň guran «Hyundai» werfi Koreýany dünýäniň gämi gurluşyk ýurduna öwürýär. 2003-nji ýylda «Hyundai» 5 sany özbaşdak kompaniýa bölündi.

**LG** diňe bir koreý däl, eýsem, dünýä biznes-elitasynyň hataryna girýän kompaniýadyr. Onuň taryhy 1947-nji ýylda işewür Ku In Hoý tarapyndan *Lak Chemical Co*. kompaniýasyny esaslandyrmagyndan başlanýar. Ol ilkibada kosmetiki önümleri çykarypdyr. Soňabaka bolsa himiki materiallary öndürmekde täze tehnologiýalary özleşdirip, milli bazarda agalyk ediji orna geçipdir. LG kompaniýasy 1959-njy ýylda Koreýada ilkinji tranzistorly radiopriýomnigi öndürip başlapdyr. Kompaniýa elektron enjamlaryny öndürmekde ýurtda ilkinjiniň roluny ýerine ýetiripdir. 1960--njy ýylda elektrik wentilýator, 1966-njy ýylda ak-gara telewizor, 1968-nji ýylda kir ýuwujy maşyn, 1970-nji ýylda awtomatiki köp düwmeli telefon enjamy öndürilip başlapdyr. 1975-nji ýylda kompaniýa özüniň ylmy-barlag merkezini açypdyr. 1981-nji ýylda LG ABŞ-da önümçilik kärhanasyny açypdyr. 1995-nji ýylda Lucky we GoldStar-yň himiýa önümçiligi LG bitewi kompaniýasyna birikdirilýär. Häzirki wagtda LG transmilli koreý kompaniýasydyr.

LG Electronicsden başga-da, kompaniýanyň düzümine ençeme beýleki toparlar girýär (LG Micron Ltd, LG Foster Ltd, LG Semicon Co Ltd, Gama LG Electronics, HiMedia (LGE). 1995-nji ýylad LG «ZENITH» amerikan telewizion kompaniýasynyň 57% paýnamasyny alyp, ABŞ-ny telewizion tehnika öndüriji iň soňky kärhanasyndan mahrum etdi.

LG kompaniýasy elektronika harytlaryny, durmuş we ykjam aragatnaşyk enjamlaryny öndürmekde, innowasion tehnologiýalary işläp taýýarlamakda dünýäde öňdeligi eýeleýär. Onuň dünýäniň dürli ýurtlarynda 110 sany kärhanasy (şol sanda 81 sany golçur kärhana) bolup, olarda 82 *müňden* gowrak adam işleýär.

«Daewoo» ilki gurluşyga ýöriteleşenem bolsa, bu kompaniýa häzirki wagtda dünýäde iri gämi gurluşyk, awtoulag öndüriji hem-de elektronika harytlaryny öndüriji hökmünde meşhurdyr. Agzalan koreý kompaniýalarynyň önümleri Türkmenistanda uly islegden peýdalanýar.

Bu günki günde Günorta Koreýany dünýäniň iň iri awtoulag öndüriji ýurtlarynyň arasynda agzamak bolar. Ol dünýäniň 5-nji awtoulag öndüriji ýurdudyr. Dünýä awtoulag önümçiliginde Koreýanyň paýy 5,4%-e deňdir. Bu pudakda ýurduň ähli işçi güýjüniň 7,4%-i zähmet çekip, ol eksportyň 8,3%-ni düzýär. 1980–2000-nji ýyllar aralygynda ýurtda awtoulag öndürilişi 23 esse artdy (2,8 *mln* sany). Koreýada awtoulag öndürýän 5 sany iri kärhana bar: Hyundai Motor, Kia Motors, GM Daewoo Auto & Technology, SsangYong Motor Company we Renault Samsung Motors. Üçünji müňýyllyga geçip, Koreýa awtoulag senagatynyň depginini has-da güýçlendirdi. 2002-nji ýylda ýurtda 3,1 *mln* gowrak awtoulag öndürildi. Koreýa ýylda 1,5 *mln* gowrak awtoulagy daşarky bazara eksport edýär. 2008-nji ýylda Koreýa ýylda 3 *mln* 826 *müň* 682 sany awtoulag öndürip, dünýäde Ýaponiýadan, Hytaýdan, ABŞ-dan, Germaniýadan soň 5-nji ýere geçmegi başardy.

Koreýa dünýäde iň iri gämi öndüriji ýurtdur. Dünýäde öndürilýän gämileriň tas ýarysyna golaýy (45%) bu ýerde öndürilýär. Gämi werfleriniň gurluşygy geçen asyryň 70-nji ýyllarynda çalt depginde alnyp barlypdyr. 1973-nji ýylda «Hyundai Heavy Industries», 1978-nji ýylda «Daewoo Shipbuilding and Marine Engineering», 1979-njy ýylda bolsa «Samsung Heavy Industries» kompaniýalary özüniň ilkinji gämi werfleriniň gurluşygyny tamamlapdyrlar. Häzirki wagtda bu üç kompaniýa gämi gurluşygy babatda ýurtda iň iri kärhanalar hasaplanýar. Olaryň ilkinjisi bolsa tutuş dünýäde iň iri gämi öndüriji hasaplanýar. 1980–2000-nji ýyllar aralygynda bu ýurtda gämi gurluşygy 7 esse artypdyr (umumy ýük göterijiligi 12 *mln* tonna). 2006-njy ýylda Koreýa umumy tonnažy 33 mln 656 *müň* bolan gämi gurluşyk sargytlaryny ýerine ýetirdi. Häzirki wagtda koreý gämi gurluşyk kompaniýalary tarapyndan uly tonnažly konteýner daşaýjylar, nebit tankerleri, gaz daşaýjylary öndürilýär. Koreýa dünýäde gysylan gazy daşaýjy tankerleriň 75%-ni öndürýär. Koreýa diňe bir ýurduň içerki hajatlaryny däl, eýsem, dünýä bazaryny hem ulaglaryň bu görnüşi bilen üpjün edýär. «Daewoo Shipbuilding & Marine Engineering» gämi

gurluşyk kompaniýasy Saud Arabystanyndan we Panamadan 1 *mlrd* dollar bahasy bolan çig nebiti hem-de gysylan gazy daşamak üçin tankerleri ýasamaga sargyt aldy. «Samsung Heavy Industries» kompaniýasy bolsa ABŞ we Ýewropa firmalarynyň bu babatdaky sargytlaryny ýerine ýetirýär.

Dünýäniň iri gämi gurluşyk ýurdy bolan Koreýada balykçylyk pudagy hem ösendir. Bu pudakda 140 *müňden* gowrak adam işleýär. Ýurtda 96 *müňden* gowrak balyk promysel gämisi bar. Koreý balykçylary ýylda pul möçberine geçireniňde 3,6 *mlrd* dollarlyk balyk tutýarlar. Russiýa, Hytaý, Ýaponiýa we ABŞ koreý balyk senagatynyň önümlerini peýdalanýan ýurtlardyr.

Dokma pudagy Koreýada eksporta niýetlenen pudak. Pudakda öndürilen önümiň üçden ikisi eksport edilýär. Tekstil önümlerini eksport etmek boýunça Günorta Koreýa Hytaýdan, Italiýadan, Germaniýadan, ABŞ-dan soň dünýäde 5-nji ýerde, önümçiliginiň derejesi boýunça bolsa 7-nji ýerde durýar. Koreýa dünýäniň ençeme ýurtlarynyň tekstil pudagynyň ösdürilmegi üçin öz maýa goýumlaryny goýýar. Olaryň arasynda Hytaý, Wýetnam, Filippinler, Indoneziýa, Gwatemala, Gonduras, Bangladeş, Şri-Lanka ýaly döwletler bar. Beýleki döwletleriň tekstil pudaklaryna goýlan koreý inwestisiýalary 1987–2002-nji ýyllar aralygynda 110 esse artdy.

Ýurt ylma daýanýan önümçilige, ýokary tehnologiýalara geçilmegi arkaly halk hojalygyny üýtgedip gurmak meselesine üns berýär. Koreýada ylma uly üns berilýär. Bu ýerde 500-den gowrak ýokary okuw jaýy bolup, şonuň 400 çemesi hususy okuw jaýlarydyr.

**Koreýa Respublikasynyň daşary syýasaty.** Koreýa Respublikasynyň daşary syýasaty ABŞ bilen ýygjam gatnaşyklary saklamaga esaslanýar. 1957-nji ýylda ABŞ bilen dostluk, söwda we deňiz gatnawy baradaky şertnama güýje girdi. 1963-nji ýylyň şertnamasyna laýyklykda, ABŞ ony daşarky çozuşlardan goramaga kepil geçýär. Günorta Koreýa 1965-nji ýylda Ýaponiýa bilen gatnaşyklaryny kadalaşdyrdy. Tokio Seula baknalyk döwründe ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin köp mukdarda öweztölegini töledi. Ýaponiýa ýeňillikli karzlary berdi. Ýurduň ýaragly güýçleri 650 *müň* adamdan gowrak. Bu ýerde ABŞ-nyň harby maslahatçylary hemişe bolýar, onuň çäginde amerikan harby bazalary ýerleşdirilendir.

2006-njy ýylda KHDR atom ýaragyny synag eden mahaly ABŞ Koreýa Respublikasyny demirgazyk goňşusynyň çozuşlaryndan gorajakdygyna ýene bir gezek ynandyrdy.

2007–2016-njy ýyllarda Koreýa Respublikasynyň öňki daşary işler ministri Pan Gi Mun BMG-niň 8-nji Baş sekretary boldy. Günorta Koreýa BMG-niň Liwanda, Somalide, Gündogar Timorda geçiren parahatçylygy üpjün etmek baradaky 14 sany operasiýasyna gatnaşdy.

Koreýa Respublikasy başga döwletler bilen ykdysady, medeni gatnaşyklary giňeltmek syýasatyny alyp barýar. 1991-nji ýylda Koreýanyň Daşary işler we söwda ministrliginiň (MOFAT) howandarlygynda Koreýanyň Halkara hyzmatdaşlyk

agentligi (KOICA) döredildi. Onuň maksady grantlary we tehniki kömegi bermek arkaly ösüp barýan ýurtlar bilen Koreýanyň hökümetiniň hyzmatdaşlygyny berkitmekden ybaratdyr.

**Koreýa Respublikasynyň Türkmenistan bilen gatnaşyklary.** Koreýa Respublikasy bilen Türkmenistanyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 7-nji fewralynda ýola goýuldy. 2007-nji ýylda Aşgabatda Koreýa Respublikasynyň, 2013-nji ýylda Seulda Türkmenistanyň Ilçihanalary açyldy. Türkmenistan 2007-nji ýyldan bäri Seulda geçirilýän «Koreýa – Merkezi Aziýa» atly forumlara yzygider gatnaşyp gelýär.

2008-nji ýylyň 5–7-nji noýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Koreýa Respublikasyna ilkinji resmi sapary boldy. Hormatly Prezidentimiz Koreýa Respublikasyna resmi sapary mahalynda «Hyundai Motor Compani» zawodyna, «Hyundai Heawy Industris» gämi gurluşyk zawodyna, Koreýanyň deňiz derwezesi hasaplanýan Pusan portuna, Ulsan şäherindäki «SK» kompaniýasyna degişli nebiti gaýtadan işleýän topluma hem baryp gördi. Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda Koreýa Respublikasynyň kompaniýalary 2012–2015-nji ýyllarda täze desgalary gurdular. Balkan welaýatynyň Gyýanly şäherçesinde «TOYO Engineering» ýapon kompaniýasy hem-de «LG International Corporation» we «Hyundai Engineering Corp.Ltd» koreý kompaniýalarynyň konsorsiumy häzirki zaman nebit-himiýa senagat toplumyny gurmaga gatnaşdylar. «Hyundai Engineering» kompaniýasynyň Günorta Ýolöten ýatagynda kükürt arassalaýjy zawody gurmak hakyndaky taslama özara bähbitli ykdysady hyzmatdaşlygyň oňat mysaly bolup durýar.

2008-nji ýyldan bäri söwda-ykdysady we ylmy-tehnologiki hyzmatdaşlyk boýunça Hökümetara türkmen-koreý toparynyň mejlisleri, türkmen-koreý biznes-forumlary yzygider geçirilýär.

2014-nji ýylyň iýunynda Koreýa Respublikasynyň prezidenti Pak Kyn He Türkmenistanda resmi saparda bolup, iki ýurduň hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegine degişli meseleler ara alyp maslahatlaşyldy. Birnäçe ýyllaryň dowamynda Koreýanyň kompaniýalary Türkmenistanda bahasy 5,5 *mlrd* dollar bolan taslamalary üstünlikli amala aşyrdylar. Agzalan sapar mahalynda nebitgaz toplumynda 4 *mlrd* dollar möçberinde taslamalary durmuşa geçirmek boýunça ýene iki ylalaşyga gol çekildi. Olaryň esasy bölegi energetika taslamalarydyr. Birnäçe ýyllaryň dowamynda Koreýanyň «LG», «Hyundai», «Samsung», «Daewoo» (DEU), «KIA Motors» ýaly ir kompaniýalary Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň dürli ulgamlarynda üstünlikli işleýärler. Olaryň gatnaşýan iri taslamalarynyň hatarynda «Galkynyş» käninde tebigy gazy kükürtden arassalamak boýunça zawodyň gurluşygy, Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumyny döwrebaplaşdyrmak, tebigy gazdan suwuk ýangyjyň önümçiligi boýunça zawodyň, metallurgiýa zawodynyň we beýlekileriň gurluşyklary bar.

Koreýa Türkmenistandan tekstil, oba hojalyk önümlerini, Türkmenistan bolsa bu ýurtdan tehnologiki enjamlary, gurallary, himiýa senagatynyň önümlerini, elektrotehnika, hojalyk harytlaryny, awtoulaglary satyn alýar. Iki ýurduň arasyndaky söwda dolanyşygynyň soňky ýyllarda 200 *million* amerikan dollaryndan 1,9 *milliard* dollara çenli artmagy-da hyzmatdaşlygynyň barha pugtalanýandygyna şaýatlyk edýär.

«Hyundai» kompaniýasynyň öndürýän awtobuslary dünýä bazarynda uly meşhurlykdan peýdalanýar. Olar ekologiýa talaplaryna laýyk gelýändigi, salonynyň amatlylygy, bahalarynyň elýeterliligi bilen tapawutlanýar. Şol sebäpli bu olary «geljegiň awtobuslary» diýip atlandyrýarlar. Aşgabada «Hyundai» kysymly ýolagçy awtobuslary we taksileri ençeme ýyl bäri hereket edýär. 2014-nji ýylyň tomsunda Aşgabatda «KIA-HYUNDAI» söwda-hyzmat ediş merkezi açyldy.

Iki ýurduň arasynda medeni-gumanitar gatnaşyklar hem ýygjamlaşýar. Koreý halky bilen türkmen halkynyň arasynda birnäçe umumylyklar bar. Olaryň ikisi-de gadymy taryhly, medeni mirasly halk. Kiçini sylamak, ula sarpa goýmak olaryň ganynda bar. Eden işiň kemini-köstüni goýmazlyk, janypkeşlik bilen zähmet çekmek sypatlary iki halka-da deň derejede mahsus. 2008-nji ýylda D.Azady adyndaky TMDDI-de koreý dili hünäri açyldy. 2009-njy ýylda Aşgabatda koreý medeniýetiniň festiwaly geçirildi. 2010-njy ýylda Koreýada Türkmenistanyň Medeniýet günleri geçirildi. Koreýaly dostlarymyz Magtymguly Pyragynyň şygyrlaryny öz dillerine terjime etdiler. Ylym-bilim ulgamlaryndaky hyzmatdaşlygyň miweleri barha aýdyň görünýär. Koreý alymlary Türkmenistana geçirilýän halkara ylmy maslahatlara, festiwallara we sergilere yzygiderli gatnaşýarlar.

2015-nji ýylyň 12–13-nji aprelinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Koreýa Respublikasyna döwlet sapary boldy. 12-nji aprelde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Koreýa Respublikasyna döwlet saparynyň maksatnamasynyň öňüsyrasynda Tegu şäherinde VII Bütindünýä suw forumynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy. Forumyň münberinden çykyş etmek bilen, milli Liderimiz Türkmenistanyň üýtgewsiz garaýyşlaryny we oňyn başlangyçlaryny, hususan-da, BMG-niň Suw Strategiýasyny işläp taýýarlamak boýunça tekliplerini aýan etdi. Saparyň jemleri boýunça Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy bilen Koreýa Respublikasynyň Koreýanyň «LG International Corp.» we «Hyundai Engineering Co, LTD» kompaniýalar konsorsiumynyň arasynda Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda dizel ýangyjyny wodorod bilen arassalaýan hem-de wodorod öndürýän bölekli haýal kokslama we katalitik kreking desgalarynyň benzinlerinden wodorod bilen kükürdi aýyrýan desgalaryň taslamasyny düzmek we doly taýýar edip gurmak barada şertnama; «Türkmengaz» Döwlet konserni bilen Koreýanyň «LG International Corp.» we «Hyundai Engineering Co, LTD» kompaniýalar konsorsiumynyň arasyndaky Türkmenistanda tebigy gazy gaýtadan işläp, sintetiki suwuk ýangyç öndürýän zawodyň taslamasyny düzmek, en-

jamlaryny satyn almak we doly taýýar edip gurmak hakynda şertnama baglaşmak hakynda Çarçuwaly Ylalaşyga we beýleki resminamalara gol çekildi. Saparyň barşynda Türkmenistanyň Prezidentine Koreýanyň iň abraýly we gadymy ýokary okuw mekdepleriniň biri Songýungwan uniwersitetiniň Hormatly doktory adyny dakmak dabarasy boldy.

♦ Koreýler ýeke-täk etniki maşgala bolup, bir dilde gürleşýärler. Koreýler Merkezi Aziýadan Koreýa ýarymadasyna göçüp gelen käbir mongol taýpalarynyň nesilleri hasaplanýar.

♦ Kore neberesiniň döwründe 1234-nji ýylda oýlanyp tapylan metal şriftler dünýäde ilkinji çap enjamydyr.

♦ Koreýa – dürli dini ynançly ýurt. Dine ynanýanlaryň 43%-i buddizme, 34,5%-i protestantçylyga, 20,6%-i katolikçilige uýýanlardyr. Ilatyň arasynda şamançylyga, konfusiçilige, won-buddizme we beýleki dini ynançlara uýýanlar hem bar.

♦ Koreýa özüniň teleseriallary bilen dünýäniň kino bazarynda meşhurdyr. Ýylda 100-den gowrak täze film ekranlara goýberilýär.

♦ **Li Syn Man** 1957–1960-njy ýyllarda dünýäde iň ýaşuly döwlet baştutany bolupdy.

♦ Çebolyň ýaponça nusgasy dzaýbasu bolup, ol şol bir sözüň iki dilde dürlüçe atlandyrylyşydyr. Iýerogliflerde olaryň ikisi-de birmeňzeş ýazylýar.

## § 2. Koreýa Halk Demokratik Respublikasy



***Koreýa Halk Demokratik Respublikasy*** *(koreýçe Çoson Mindžudžui Inmin Koňhwaguk) Gündogar Aziýada, adybir ýarymadada ýerleşen döwlet. Resmi däl ady – Demirgazyk Koreýa. Demirgazykda Hytaý we Russiýa, günortada Koreýa Respublikasy bilen serhetleşýär. Tutýan meýdany 120 540 inedördül kilometr (dünýäde 98-nji ýerde). Ilaty 2013-nji ýylyň maglumaty boýunça 24,7 mln adam (dünýäde 51-nji ýerde). Paýtagty – Phenýan şäheri.*






Koreý urşunda Demirgazyk Koreýa has tozdurylypdy. Uruşdan soň Phenýanda abat jaý galmandy diýen ýalydy. KHDR-de urşuň zyýanlaryny dikeltmek sosialistik özgertmeler bilen ugurdaş alnyp baryldy. Koreýa Halk Demokratik Respublikasy (KHDR) edil SSSR-iň tejribesini gaýtalamaga synandy. Ýurt 5 ýyllyk maksatnamalar boýunça ösdürildi. Kolhozlar guruldy, agyr senagaty ösdürmäge üns berildi. SSSR we sosialistik lagere girýän döwletler Demirgazyk Koreýanyň senagatyny dikeltmek we ösdürmek üçin kömek berdiler. Yzyna gaýtarmasyz kömek şerti bilen bu ýerde 50-den gowrak senagat kärhanasy guruldy.

Koreý urşundan soňky üçýyllyk meýilnama döwründe 280 kärhana dikeldildi, 80 sanysy täze guruldy. Eýýäm 1956-njy ýylyň awgustynda meýilnama ýerine ýetirilip, hojalyk uruşdan öňki derejesine ýetirildi. Netijede, Demirgazyk Koreýa Günorta Koreýa seredeniňde, çalt ösüp başlady. 1960-njy ýylda ol ähli ykdysady görkezijiler babatda ondan öňe geçdi. Demirgazygyň çalt ösmegini sozializmiň artykmaçlygy hökmünde wagyz edip başladylar. Emma KHDR-iň beýle çalt ösmegi 1960-njy ýyllaryň başlaryna çenli dowam etdi. XX asyryň 60-njy ýyllarynyň ikinji ýarymyndan Demirgazyk Koreýa yza galyp başlady.

Demirgazyk Koreýada senagat döwlet eýeçiligindedir. Ýurtda merkezleşdirilen döwlet meýilnamalaşdyrylyşy dowam edýär. Oba hojalygynda ilkinji 15 ýylyň dowamynda kollektiwleşdirmek amala aşyryldy. 1946-njy ýylda ýaponlara we baý koreý pomeşşiklerine degişli bolan ýerler daýhanlaryň arasynda paýlanyldy. Koreý urşundan soň obada kooperatiwler we beýleki oba hojalyk kärhanalary döredildi. 50-nji ýyllaryň ahyrynda bolsa olar hytaý nusgasyndaky kommunalara öwrüldi. Demirgazyk Koreýa öň azyk önümlerini Günortadan ýa-da Hytaýdan getirýärdi. Ýurt ikä bölünenden soň, ol azyk meselesini özbaşdak çözmäge mejbur boldy.

Demirgazyk Koreýa ykdysady ösüşde hytaý tejribesini özüne nusga edindi. Birinji ykdysady meýilnama üç ýyla – 1954–1956-njy ýyllara niýetlenendi. Ony Hytaýdaky «Uly böküşe» çalym edýän bäşýyllyk meýilnama çalyşdy. Onuň barşynda «*çhonlima*» – *ýagny* «*1000 li tizlik bilen çapyp barýan bedew*» atly hereket döredi. Resmi maglumatlara görä, bu meýilnama üç ýylda ýerine ýetirilipdir. 1961-nji ýylda KHDR-de ýediýyllyk meýilnama kabul edildi. Onuň ilkinji üç ýylynda oba hojalygyny we ýeňil senagaty ýokary götermek, soňra agyr senagata üns bermek bellenilipdi. Emma 1962-nji ýyldan başlap hökümet esasy serişdeleri ýaraglanyşyga gönükdirip, sarp ediş we senagat harytlaryny azaltmaga başlady. 1971-nji ýylda 6 ýyllyk meýilnama geçildi. Onda öňdebaryjy tehnologiýalary ulanmaga, çig mal babatda öz-özüňi üpjün etmäge, energetikany ýokary götermäge, önümiň hilini gowulandyrmaga köp üns berildi. 1978-nji ýylda ikinji ýediýyllyk meýilnama güýje girdi. Öz-özüňi üpjün etmek, önümçiligi kämilleşdirmek, hojalygy dolandyrmagy kämilleşdirmek bu meýilnamanyň esasy ugurlarydy. Esasy üns energetika we dagmagdan senagatyna, şeýle hem oba hojalygynda tehnologiki rewolýusiýany amala aşyrmaga gönükdirilipdi. 1987-nji ýylda üçünji ýediýyllyk meýilnama kabul edildi.


Kim Ir Sen

**Daşary syýasaty.** 1962-nji ýyldaky Karib krizisinden soň Demirgazyk Koreýa Hytaý we SSSR-iň Günbatar bilen parahatçylykly ýaşaşmak syýasatyny ýazgardy. 1963-nji ýyldan başlap ol SSSR bilen gatnaşyklaryny kesdi. 60-njy ýyllaryň ortalarynda KHDR SSSR bilen Hytaýyň arasyndaky gapma-garşylykda garaşsyz pozisiýasyny eýeläp, olaryň ikisinden hem kömek almagyny dowam etdirdi. 1971-nji ýyldan başlap Demirgazyk Koreýa kommunistik düzgüne eýermeýän döwletleriň ençemesi bilen gatnaşyklary ýola goýdy. 1991-nji ýylda ol BMG-niň agzasy boldy.

*Kim Ir Seniň* dolandyran döwründe (1948–1994) Demirgazyk Koreýa «*Çuçhe*» (özüm öz tenimiň hojaýyny) ideologiýasyny ýöretdi. Onuň mazmuny Koreýany bütin dünýäden üzňe saklamakdan ybaratdy. Hatda *çuçhe ýyl hasaby* girizilip, ol Kim Ir Seniň doglan ýyly 1912-nji ýyldan başlanýar. Diňe öz hususy güýjüňe daýanmak syýasaty ýurda üstünlik getirmänsoň, 80-nji ýyllarda KHDR SSSR we sosialistik lageriň ýurtlary bilen gatnaşyklaryny kadalaşdyrdy. Günorta Koreýadan yza galmaklyk 70–80-nji ýyllarda has äşgär duýuldy. SSSR-iň dargamagyny we Ýewropada kommunistik düzgünleriň synmagyny KHDR agyr kabul etdi.


Kim Çen Ir

**KHDR iki asyryň sepgidinde.** 1994-nji ýylda ýurdy uzak wagtlap dolandyran Kim Ir Sen aradan çykdy. Onuň ornuna şol wagta çenli döwletde ikinji derejeli wezipäni eýeleýän ogly *Kim Çen Ir* (1941–2011) geçdi. Onuň ýurdy dolandyran döwründe awtoritar düzgün has-da berkidildi. Ýaraglanyşyk haýdadyldy. 2011-nji ýylyň dekabrynda Kim Çen Ir ýürek keselinden aradan çykýar. Onuň ornuna ogly *Kim Çen Yn* geçýär. Şeýlelikde, KHDR döränden soň häzirki döwre çenli ony Kim Ir Sen we onuň nesilleri dolandyrdy.

Kim Çen Yn Hytaýdaky ýaly «özgertmeler we aç-açanlyk» syýasatyna kybapdaş özgertmeleri geçirmäge synanyşýar. Döwletiň telekeçilige, işewürlige garaýşy oňyn tarapa üýtgedi. Daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek üçin ýöriteleşdirilen ykdysady zolaklar döredilip başlandy. Oba hojalygynda maşgala potratçylygyna geçilmegi 2013-nji ýylda oňyn netijesini berdi. Senagatda bazar gatnaşyklaryna geçmeklige tarap ugur alyndy. KHDR Hytaýdan informasion tehnologiýalary köpçülikleýin satyn almaga girişdi. KHDR-iň Günorta Koreýa bilen söwda dolanyşygy kem-kemden artýar. 2010-njy ýylda ol 3,5 *mlrd* ABŞ dollaryna ýetdi. Kymgansan dagynyň etraby ýörite syýahatçylyk zo-


Kim Çen Yn

lagy diýlip yglan edilip, oňa gelmek üçin Günorta Koreýanyň raýatlaryna ýörite rugsat almak düzgüni ýatyryldy.

**Demirgazyk Koreýanyň ýadro ýaragyny edinmegi.** KHDR dünýäniň garyp ýurtlarynyň hataryna girýär. Esasy azyk harytlary ilata kartoçka boýunça paýlanýar. Ykdysady kynçylyklara seretmezden, hökümet ýadro maksatnamasyny güýçlendirdi. KHDR 2003-nji ýylda «Ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk hakyndaky şertnamadan» ýurduň çykýandygyny jar etdi. Ol 2005-nji ýylda ýadro ýaragyny edinendigini jar etdi. 2006-njy ýylyň 9-njy oktýabrynda ilkinji gezek ýadro ýaragyny synag etdi. Onuň ýadro ýaragyny edinmegine garşy goňşy ýurtlary we dünýäniň iri ýurtlary çykyş etdiler. KHDR bilen gatnaşyklarda çäklendirmeler (sanksiýa) girizildi. Emma ol ýadro ýaragy babatdaky maksatnamasyndan ýüz öwürmedi. 2009-njy ýylda ikinji, 2013-nji ýylda üçünji, 2016-njy ýylyň ýanwarynda dördünji, 2016-njy ýylyň sentýabrynda bäşinji, 2017-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda altynjy gezek ýadro ýaragyny synag etdi. Şeýlelikde, dünýäde ýene bir ýadro ýaragly ýurt peýda boldy. Ýadro ýaragyny synag etmek bilen birwagtda ilki orta, kem-kemden uzak aralara atýan ballistiki raketalary döretmäge girişdi. 2017-nji ýylyň başynda ballistiki raketany ýene bir gezek synag etdi.

KHDR goşunda gulluk edýän esgerleriniň sanynyň köpdügi boýunça-da dünýäde öňdäki ýurtlaryň hasabynda durýar. 2015-nji ýylyň maglumatlary boýunça Demirgazyk Koreýada harbylaryň sany 1 *mln* 190 *müň* adama barabardyr. Beýle diýildigi ol goşundaky gullukçylarynyň sany boýunça Hytaýdan, ABŞ-dan we Hindistandan soň dünýäde 4-nji orunda durýar diýildigidir. Elbetde, Demirgazyk Koreýanyň harby çykdajylarynyň ýokary bolmagy (býujetiniň 30%-i), onuň ilatynyň maddy hal-ýagdaýynyň ösmegine ýaramaz täsir edýär. KHDR ýadro ýaragyny edinse-de, ballistiki raketalary synag etse-de, ykdysady ösüş we ilatyň jan başyna düşýän girdejiler babatda Günorta Koreýadan has yzda barýar. Demirgazyk Koreýanyň ýaraglanyşygy haýdatmak baradaky syýasaty onuň dünýäniň köp ýurtlary bilen gatnaşyklarynyň ösdürilmegine päsgel berýär.

2018-nji ýylyň 20-nji aprelinde KHDR-iň öňbaşçysy Kim Çen Yn ýadro we raketa synaglarynyň, şeýle hem ýadro poligonynyň işiniň bes edilýändigini yglan etdi. Şol ýylyň 12-nji iýunynda Singapurda Kim Çen Yn bilen ABŞ-nyň prezidenti Donald Trampyň arasynda duşuşyk geçirildi. Gepleşikleriň netijesi boýunça gol çekilen resminamada taraplaryň iki döwletiň arasynda «täze gatnaşyklara» ymtylýandygy beýan edildi.

**Koreýara gepleşikleri.** Koreýa urşunda gazanylan ylalaşykdan bäri KHDR daşary syýasatda üzňelik ugruny ýöredýär. KHDR-i birnäçe döwletler, ýagny Koreýa Respublikasy, Ýaponiýa, Fransiýa, Estoniýa ykrar etmeýärler. Iki Koreýanyň hökümetleri hem demarkasion zolagy araçäk hökmünde hasap etmeýärler. Onuň iki tarapynda 2 *müň* metrlik ýaragsyzlandyrylan zolak bar. Diýmek, iki koreý döwleti birek-biregi garaşsyz döwlet diýip ykrar etmeýärler.

28. Sargyt № 3172

Koreýa «Sowuk urşuň» ilkinji pidasy bolupdy. 38-nji parallelden çekilen 249,4 km uzynlykdaky bölüji zolak gutarnykly serhet diýlip yglan edilmese-de, ol indi 70 ýyla golaý wagt bäri koreý halkyny iki döwlete bölýär. 70-nji ýyllarda «Sowuk urşuň» birneme ýumşaşmagy bilen demirgazyk bilen Günortanyň arasynda gepleşikler geçirilip başlandy.



*Phenýandaky «Täzeden birikmek» derwezesi*

1960-njy ýylda KHDR iki ýurduň hökümetlerini hem saklap galmak şerti bilen *Demirgazyk bilen Günorta Koreýanyň Konfederasiýasyny* döretmegi teklip etdi. KHDR-iň hökümeti söwda gatnaşyklaryny giňeltmegi, ylym, bilim, medeniýet, sungat, sport babatda giňişleýin alyş-çalşy guramagy, ilatyň ondan-oňa erkin baryp-gelmegini üpjün etmegi, Günorta Koreýadan amerikan goşunlarynyň çykarylmagyny, ýurduň her bölegindäki goşunlaryň sanyny 100 *müňe* çenli azaltmagy, birek-biregiň garşysyna ýaragly güýçleri ulanmazlygy borç edinmegi hem teklip etdi.

1972-nji ýylyň 4-nji iýulynda KHDR-iň başlangyjy boýunça Seul bilen Phenýan gepleşiklere başlamak barada bilelikdäki Beýannamany yglan etdiler. 1983-nji ýylyň oktýabrynda Birmanyň paýtagty Rangunda demirgazykkoreý ýörite gulluklarynyň wekilleri tarapyndan Günorta Koreýanyň 4 sany hökümet agzasy öldürildi. 80-nji ýyllaryň ahyrynda SSSR-däki aç-açanlyk syýasaty we Gündogar Ýewropanyň kommunistik düzgünli ýurtlarynda özgertmeleriň güýçlenmegi, «Sowuk uruş» ulgamynyň dargap başlamagy netijesinde koreýara gepleşiklerinde öwrülişik nokadynyň başlanmagyna getirdi. 1991-nji ýylda iki Koreýa birbada Birleşen Milletler Guramasyna agza boldular. Demirgazyk Koreýanyň soňra ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk baradaky Şertnamanyň düzüminden çykmagy koreýara gepleşikleriniň ýene petige diremegine getirdi.

1994-nji ýylda ýokary derejedäki koreýara gepleşiklerini geçirmek baradaky ylalaşyk Kim Ir Seniň duýdansyz aradan çykmagy bilen amala aşman galdy. 2000-nji

ýylyň iýunynda Kim Çen Ir bilen Kim De Çžunyň arasynda ýokary derejedäki duşuşyk boldy. Ol ýurt ikä bölüneni bäri Demirgazyk bilen Günortanyň ýolbaşçylarynyň ilkinji gezek duşuşygydy. Gazanylan ylalaşyga laýyklykda, Günorta Demirgazyga azyk önümlerini ibermek görnüşinde ynsanperwer kömegini berip başlady. Bölünen, garyndaş maşgalalaryň duşuşygy ençeme tapgyrda geçirildi. Iki ýurduň awtoulag we gara ýollary gaýtadan birleşdirildi. Günortanyň çig malynyň we maýa goýumynyň, Demirgazygyň bolsa işçi güýjüniň gatnaşmagynda demarkasion çägiň zolagynda 2007-nji ýylda Keson senagat toplumy guruldy. Emma 2006-njy ýylda Demirgazyk Koreýanyň ýadro ýaragyny synag etmegi ýene koreýara gepleşiklerini sowaşdyrdy. Şonuň üçin 2007-nji ýylyň oktýabrynda ýokary derejedäki ikinji duşuşyk känbir netije bermedi.

Günorta Koreýanyň prezidenti Li Mýon Bakyň hökümeti «3000-nji garaýyş, denuklerizasiýa, açyklyk» atly syýasaty öňe sürdi. Oňa laýyklykda demirgazyk Koreýanyň ýadro krizisini çözmek, Demirgazyk Koreýa bilen bilelikde gülläp ösüş, koreýara ykdysady bileleşigini döretmek göz öňünde tutulýar. Demirgazyk Koreýanyň ýadro maksatnamasy bilen bagly dörän krizisi çözmek üçin iki Koreýanyň, ABŞ-nyň, Hytaýyň, Russiýanyň, Ýaponiýanyň gatnaşmagynda altytaraplaýyn gepleşikleriň tapgyrlary geçirildi.




2018-nji ýylda Koreýa ýarymadasyndaky döwletleriň arasyndaky gatnaşyklar täze derejä çykdy. 27-nji aprelde Koreýara sammit geçirildi. Bu sammit eýýäm Koreý ýarymadasyndaky döwletleriň döwlet baştutanlarynyň ýokary derejede geçiren 3-nji duşuşygy boldy. Demirgazyk Koreýanyň lideri Kim Çen Yn duşuşyk üçin amatly ýer hökmünde demarkasion çyzygyň geçýän ýerine golaý ýerleşýän Phanmundžom obasyndaky «Parahatçylyk öýüni» saýlady. Demirgazyk Koreýanyň döwlet baştutany ilkinji gezek günorta Koreýanyň çägine geçdi. Duşuşykda Kim Çen Yn we Mun Çže In parahatçylyk ylalaşygyny gazanmak üçin gepleşikler geçirmek isleýändiklerini bildirdiler. Gepleşikleriň dowamynda, esasan, ýadro ýaragsyzlanmak we ikitaraplaýyn bähbidiň hatyrasyna koreýara gatnaşyklary gowulandyrmak meselelerine seredildi. Iki döwletiň öňbaşçylary bilelikdäki Jarnama gol çekdiler. Onda parahatçylyk döwrüniň başlanandygy yglan edilip, taraplar Koreýa ýarymadasyny ýadro ýaragyndan azat zolaga öwürmegiň üstünde işläp başlamaga söz berdiler. Parahatçylyk şertanamasyna 2018-nji ýylda gol çekmek göz öňünde tutuldy.

2018-nji ýylyň 26-njy maýynda KHDR bilen Koreýa Respublikasynyň döwlet baştutanlary ikinji gezek duşuşdylar. Onuň barşynda KHDR-iň döwlet baştutany Kim Çen Yn bilen ABŞ-nyň prezidenti Donald Trampyň arasynda şol ýylyň 12-nji iýunynda Singapurda boljak duşuşyklar hakynda gepleşikler geçirildi.

# XIV BAP. GÜNORTA-GÜNDOGAR AZIÝA ÝURTLARY



Hindistanyň, Hytaýyň, Awstraliýanyň aralygynda hem-de Ýuwaş ummanynyň açyk giňişliginde ýerleşen ýurtlara **Günorta-Gündogar Aziýa** diýilýär. Ol Hindihytaý ýarymadasyny, Malaý arhipelagyny we Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň bir bölegini öz içine alýar. Sebite 11 ýurt – Wýetnam, Kamboja, Laos, Mýanma, Tailand, Malaýziýa, Bruneý, Gündogar Timor, Indoneziýa, Singapur, Filippinler girýär. Sebitde 599 *mln* adam ýa-da Ýer togalagynyň 8% ilaty ýaşaýar. Olaryň Tailanddan başgasy, Ikinji Jahan urşuna çenli daşary ýurtlaryň koloniýasydy. Sebit iňlisler, fransuzlar, gollandlar, amerikanlar, portugallar tarapyndan paýlaşylypdy. Ikinji Jahan urşy ýyllarynda sebitde Ýaponiýa öz agalygyny saklap, bu ýerde «Täze tertibi» ýola goýupdy. «Beýik Gündogar Aziýa ýurtlaryny bilelikde ösdürmek» maksatnamasy boýunça Ýaponiýa özüni sebitiň halklaryny Günbataryň kolonial zulumyndan halas ediji hökmünde görkezmäge synandy.

**Aziýa «gaplaňlary».** Ikinji Jahan urşundan soň Günorta-Gündogar Aziýa sebitinde iki ulgamyň arasynda göreş güýçlendi. Olaryň käbirinde (Wýetnam, Kamboja, Demirgazyk Koreýa, Laos) SSSR-iň hem-de Hytaýyň täsiri bilen sosializm gurmaga synanyşyldy. Günorta Koreýa, Tailand, Singapur, Malaýziýa ýaly döwletler ABŞ-nyň we Ýaponiýanyň goldawy bilen ösdüler. Bazar ykdysadyýetiniň artykmaçlygyny subut etmek üçin ABŞ Günorta Koreýanyň ykdysadyýetini görnetin çalt ösdürmäge goltgy berdi. XX asyryň ahyrynda Günorta Koreýa, Tailand, Singapur, Malaýziýa özüniň ösüş depgini boýunça has öňe saýlandylar. Olar dünýäniň ösen, täze tehnologiýalaryna patentleri satyn alyp, öz ýurtlaryndaky arzan işçi güýji bilen ýokary hilli, arzan önümleri öndürip, dünýä bazarlarynda satmagyň hasabyna baýadylar. Şonuň üçin olara *Aziýa «gaplaňlary» ýa-da «täze senagatlaşan döwletler»* hem diýilýär. Agzalan döwletler Ýaponiýanyň tejribesini nusga edinýärdiler.




*Hindihytaý ýurtlary*

Ilki bilen sebitiň Hindihytaý ýarymadasynda ýerleşen, sosialistik ugur bilen ösen döwletlerine, soňra bolsa bazar gatnaşyklary ugry boýunça ösen beýleki döwletlerine aýratynlykda seredeliň.

# § 1. Wýetnam



***Wýetnam Sosialistik Respublikasy** Günorta-Gündogar Aziýada, Hindihytaý ýarymadasynda ýerleşen döwlet. Demirgazykda Hytaý, günbatarda Laos we Kamboja bilen serhetleşýär. Gündogarda Günorta Hytaý deňzine ýanaşýar. Tutýan meýdany 331 210 inedördül kilometr (dünýäde 66-njy ýerde). Ilaty 2013-nji ýylyň maglumaty boýunça 92,4 mln adam (dünýäde 13-nji ýerde). Paýtagty – Hanoý şäheri.*




**Ýurtda syýasy ýagdaý.** Wýetnam-fransuz urşy ýurduň demirgazygyny tozdurypdy. 143 *müň* gektar şaly meýdanlary işlenmän ýatyrdy. 1 milliondan gowrak adam açlykdan ejir çekýärdi. 1955–1957-nji ýyllarda dikeldiş işleri geçirildi. Güýçli döwlet pudagy döredildi. Sosializm gurluşygyna giňden badalga berildi. Ilkinji üçýyllyk meýilnamanyň netijesinde (1958–1960) ýurtda sosialistik gatnaşyklar berkidildi. Mundan soňra ýurt SSSR-däki ýaly bäşýyllyk meýilnamalar bilen ösdürilip başlandy.

1954–1956-njy ýyllarda Günorta Wýetnamyň işlerine ABŞ-nyň gatyşmagy işjeňleşdi. Fransiýa bu ýerdäki ýeňillikli hukuklaryndan el çekdi. 1955-nji ýylda Fransiýa eýerýän *Bao Daý* döwlet baştutanlygyndan çetleşdirildi. Häkimiýete *Ngo Din Zýem* getirildi. Şeýlelikde, Wýetnam daşary ýurtlaryň täsiri bilen ýene 20 ýyllap ikä bölüngiligine galdy. 50–60-njy ýyllarda SSSR onuň demirgazyk bölegine ýardam berdi. Wýetnam «Sowuk uruş» döwrüniň dartgynly sebitleriniň birine öwrülipdi. Wýetnamyň Demirgazygynda kommunistler häkimiýetdedi. Olary SSSR goldaýardy. Günortasynda ABŞ-nyň täsirindäki döwlet döredilipdi. Ngo Din Zýem günortada kommunistlere we Garşylyk görkeziş urşuna gatnaşanlara garşy terror düzgünini ýola goýdy. ABŞ Ženewa ylalaşygynyň şertlerini gödek bozup, ol ýerde özüniň harby bazalaryny ýerleşdirdi. 1955–1962-nji ýyllarda Günorta Wýetnama 2,5 *mlrd* dollar kömek berip, onuň 80%-i harby maksatlara gönükdirilipdi. Şeýlelikde, Günortada 500 *müň* adamly düzgün-nyzamly goşun döredildi. Onlarça aerodromlar, portlar, strategiki ähmiýetli ýollar guruldy. 1954-nji ýylda Günorta Wýetnam SEATO-nyň howandarlygyna alyndy. Ol daşary ýurt maýasy üçin giňden açyldy.



*Ngo Din Zýem*

1961-nji ýylyň iýuly – 1962-nji ýylyň dekabry aralygynda ABŞ 18 aýlap Wýetnamda «*aýratyn uruş*» alyp bardy. Onuň dowamynda müňlerçe jeza beriji operasiýalar amala aşyryldy. Günorta Wýetnamyň garşylyk görkezýän halkyny «mugyra getirmek» üçin oba ilaty harbylaşdyrylan «*strategik obalara*» göçürildi. Partizan hereketiniň güýçli ýerlerinde «*öli zolaklar*» döredilip, ol ýeriň ilaty tokaýlaryň we oba hojalyk ekinleriniň himiýa ýaragy bilen zäherlenen gatlagy bilen gyryldy. Milli azat edijilik hereketiniň güýçlenmegi netijesinde 1962-nji ýylyň fewralynda Günortada Wýetnamda «*ABŞ-nyň ýörite harby dolandyryşy*» döredildi. 1964-nji ýylyň ahyryndan başlap, 23 *müň* esgeriň, ýüzlerçe uçarlaryň we dikuçarlaryň, 7-nji amerikan flotunyň gatnaşmagynda iri harby-türgenleşik okuwlary ýaýbaňlandyryldy.

Amerikan goldawyna garamazdan, Ngo Din Zýem azatlyk hereketiniň öňüni alyp bilmedi. Milli Front Günortanyň dörtden üç böleginde öz gözegçiligini ýola goýdy. Ýagdaýdan çykalga tapyp bilmedik Ngo Din Zýem 1963-nji ýylyň 1 noýabrynda Saýgonda geçirilen harby agdarylyşygyň netijesinde öldürildi. Häkimiýete harby hunta geldi. WDR-iň Günortanyň wekillerine ýurdy parahatçylykly birleşdirmek barada ençeme gezek ýüz tutmalary netije bermedi. Häkimiýete *Nguýen Wan Thiýeu* gelýänçä 1963–1965-nji ýyllarda ençeme ýolbaşçy çalyşdy. Wýetnamyň günortasyny-da kommunistleriň eýelemeginden ätiýaç edip, ABŞ 1965-nji ýyldan başlap Demirgazyk Wýetnama garşy urşa başlady.

**Wýetnam-amerikan urşy. Wýetnamyň birleşdirilmegi.** 1965-nji ýylyň fewralyndan başlap ABŞ WDR-iň çäklerini bombalap başlady. Diňe 1965–1966-njy ýyllaryň dowamynda WDR-e we Günorta Wýetnamyň azat edilen çäklerine 1,1 *mln* tonna bomba taşlady. Urşuň başynda Wýetnama 184 *müň*, 1968-nji ýylda bolsa 516 *müň* amerikan esgeri ugradylypdy. ABŞ-ny bu uruşda Günorta Koreýa, Awstraliýa, Filippinler, Tailand we Täze Zelandiýa goldady. Howadan köpçülikleýin we yzygiderli bombalanmagy netijesinde Wýetnam tozduryldy. 1966-njy ýyldan başlap ABŞ ýurduň 20-nji parallelden demirgazygyna, esasan hem paýtagt Hanoýa we iri Haýfong portuna howa hüjümini güýçlendirdi. Howa hüjümi ýyllarynda 1972-nji ýylyň ahyryna çenli Wýetnamda 4181 sany amerikan harby uçary urlup ýykyldy.

ABŞ-nyň halky Wýetnamdaky urşy ýazgaryp çykyş edip başlady. Netijesiz urşy uzaga çekdirmegiň hajatynyň ýokdugyna düşünip, ABŞ 1968-nji ýylda urşy bes etmek barada gepleşiklere başlady. 5 ýyla golaý dowam eden gepleşikler 1973-nji ýylyň 27-nji ýanwarynda Parižde Wýetnamda parahatçylygy dikeltmek hakyndaky şertnama gol çekilmegi bilen tamamlandy. 1973-nji ýylda Wýetnamdan amerikan goşunlary çykaryldy. 1975-nji ýylyň 21-nji aprelinde Saýgon düzgüniniň ýolbaşçysy Nguýen Wan Thiýeu öz wezipesini tabşyrdy. 30-njy aprelde Saýgon zabt edilip alyndy (ýurt birleşdirilensoň onuň ady *Hoşimin* diýlip üýtgedildi). 1976-njy ýylyň 25-nji aprelinde ýurtda ählumumy saýlawlar geçirildi. Ýurt birleşdirildi. Birleşdirilen Wýetnam *Wýetnam Sosialistik Respublikasy* diýlip atlandyryldy. 1986-njy ýyla çenli birleşen ýurduň baştutany *Le Zuan* boldy.

**Wýetnamyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy.** Wýetnam urşy ABŞ üçin netijesiz tamamlandy. Üstesine-de, bu uruş oňa gaty gymmat düşdi. Urşa biderek milliardlarça dollar harç edildi. 58 *müň* amerikan esgeri uruşda wepat boldy. Uruş halkara gatnaşyklaryny, aýratyn-da sowet-amerikan garşylyklaryny ýitileşdirdi.

Uruş Wýetnamyň halk hojalygyna uly zyýan ýetirdi. Ýurda 2,5 *mln* tonna bomba taşlandy. 23 sany welaýat merkezi zyýan çekdi. 5788 obanyň 4000-si weýran edildi. SSSR we sosialistik ulgamyň ýurtlary Wýetnamyň weýran bolan hojalygyny dikeltmäge ýardam berdiler.

70–80-nji ýyllarda Wýetnam SSSR-iň yzyna berk eýerdi. SSSR-iň dargamagyndan öň – 80-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda ykdysadyýetde hytaý nusgasyny ýörelge edinip, Wýetnam bazar gatnaşyklaryna tarap ýoly saýlap aldy. Goňşusy Hytaý bilen sowaşan gatnaşyklaryny gowulandyryp, onuň bazar gatnaşyklaryna geçmekde gazanan ösüş ýoluny nusga edindi. Amerikan embargosy hem-de SSSR-iň aşa howandarlygy wýetnam ykdysadyýetiniň ösüşini bökdedi. SSSR dargan-da bolsa, edil Hytaý we Kuba ýaly, Wýetnam sosialistik gurluşdan ýüz öwürmedi. Emma ykdysadyýetde welin, bazar gatnaşyklaryna tarap ýoly saýlap aldy.

90-njy ýyllarda ýurtda özüni ödemeýän döwlet kärhanalary hususylaşdyryldy, hususy banklar döredildi. Bazar özgertmeleri basym öz netijesini-de berdi. 1991–2000-nji ýyllarda JIÖ 2 esseden gowrak artdy. 1991–1997-nji ýyllarda Wýetnam ýyllyk 8–10% ösüş gazanmagy başardy. Bu döwürde senagatyň ösüşi 12–14%-e deň boldy. 2003-nji ýylda Wýetnam ösüş depgini boýunça Aziýada Hytaýdan soň ikinji ýere geçdi. Amatly maliýe şertleri ýurda daşary ýurt maýadarlaryny höweslendirýär. 1991–1997-nji ýyllarda göni daşary ýurt maýa goýumlary 2,3 *mlrd* dollardan 31,2 *mlrd* dollara çenli artdy. 2015-nji ýylda maýa goýumlary hakdaky täze kanun çalt depginlerde ösýän wýetnam ykdysadyýetine daşary ýurtlaryň höwesini has-da artdyrýar. 2007-nji ýylda Wýetnam Bütindünýä söwda guramasyna girdi.

Emma Wýetnamda ilatyň jan başyna düşýän önümiň derejesi pesdir.

Wýetnam, esasan, oba hojalygyna ýöriteleşen ýurtdur. Ilatynyň 70%-i şu pudakda zähmet çekýär. Ol şalyny has köp öndürýär. 2004-nji ýylda ol 36 *mln* tonna şaly öndürdi. Ýurduň 33 welaýatynda jemi 125 *müň* gektara çaý ekilip, bu pudakda 500 *müňden* gowrak adam zähmet çekýär. Wýetnamda deňiz önümleri örän arzandyr. Olaryň eksportyndan ýurda ýylda 3,5 *mlrd* dollar girdeji girýär.

Senagatynyň esasyny nebit (2004 ý. – 20 *mln* t), kömür (2004 ý. – 26,3 *mln* t), elektroenergetika (2004 ý. – 46 *mlrd* kWt sagat) pudaklary düzýär.

Wýetnamyň ykdysadyýeti eksporta gönükdirilendir. Ol JIÖ-niň 70%-ini eksport edýär. Wýetnam gara burçy eksport etmekde dünýäde 1-nji, kofe we şaly eksporty boýunça 2-nji orny eýeleýär. 2015-nji ýylda JIÖ-niň ösüşi 6,7% derejesinde boldy. Soňky ýyllarda Wýetnam maşyn we gämi gurluşygyna aýratyn üns berýär. Wýetnam

dünýäniň 120 ýurduna öz tokaý önümlerini eksport edýär. Wýetnam dünýä bazarynda özüniň arzan egin-eşikleri we aýakgaplary bilen meşhurdyr. 2010-njy ýyldan başlap syýahatçylyk pudagy-da çalt depgin bilen ösýär.

**Daşary syýasaty.** Wýetnam daşary syýasatynda, esasan, sebitara hyzmatdaşlygyna uly üns berýär. Goňşy Hytaý bilen gatnaşyklara uly orun degişlidir. Ýurt doly birleşdirilýänçä, Wýetnam SSSR bilen Hytaýyň arasyndaky dawada bitaraplygyny saklamagy başardy. Hytaý Wýetnama Fransiýanyň baknalygyndan halas bolmaga ýardam beripdi. Ol Wýetnam urşy döwründe Demirgazygy goldapdy. Emma 1975-nji ýylda ýurt birleşdirilenden soň, Hytaý özüniň günorta goňşusyna bolan garaýşyny üýtgedipdir. Muňa Wýetnamyň SSSR-iň yzyna eýermegi, Hytaýyň bolsa SSSR bilen gatnaşyklarynyň sowaşmagy sebäp bolupdyr.

Wýetnamyň Kambojada Pol Potuň düzgünini agdarmaga gatnaşmagy Hytaýa ýaramaýar. 1979-njy ýylyň 17-nji fewraly – 16-njy marty aralygynda Hytaý Wýetnam bilen uruş alyp bardy. Urşy Hytaý başlapdyr. Emma gysga wagtyň içinde ol goşunlaryny Wýetnamdan çykarmaly bolýar. Netijesiz tamamlanan uruşda taraplaryň ikisem özüni ýeňiji hasaplaýar. 1984, 1988-nji ýyllarda hem wýetnam-hytaý serhedinde ýaragly çaknyşyklar boldy. 2002-nji ýylda Wýetnam Hytaý bilen serhediň dawaly böleklerini düzgünleşdirdi. Soňky döwürlerde Hytaý Wýetnamy goldap çykyş edýär.

♦ Wýetnamyň pullary plastikadan ýasalandyr. Şonuň üçin olary suwa ezseň-de, hiç zat bolmaýar.

♦ Wýetnam – uzak ýaşlylaryň ýurdy. Ýurtda ýaşy 140-dan geçen adamlaryň ençemesi bar.

♦ Wýetnamlylar ölümi bu dünýäniň azabyndan gutulmak hökmünde şatlykly waka hökmünde garşylaýarlar. Şonuň üçin Wýetnamda ýas mahaly şatlanmaklyk adaty kabul edilen ýagdaýdyr.

## § 2. Laos



***Laos Halk Demokratik Respublikasy** – Hindihytaý ýarymadasynda ýerleşen döwlet. Serhetdeş ýurtlary: Hytaý, Wýetnam, Kamboja, Tailand, Mýanma. Tutýan meýdany: 236,8 müň inedördül km (dünýäde 81-nji ýer). Ilaty: 6,5 mln adam (2012) – dünýäde 105-nji ýer. Paýtagty – Wýentýan şäheri.*

**Monarhiýanyň ýatyrylmagy. Laos Halk Demokratik Respublikasynyň jar edilmegi.** 1954-nji ýylyň Ženewa ylalaşygy netijesinde onuň garaşsyzlygy halkara taýdan ykrar edilipdi. Ýurtdan fransuz goşunlary çykaryldy. 1954–1975-nji ýyllar Laosyň garaşsyzlyk taryhynyň birinji tapgyrydyr. 1947-nji ýylyň Konstitusiýasyna








*Sisawang Wong*

laýyklykda, ýurduň baştutany korol hasaplanýardy. 1959-njy ýyla çenli *Sisawang Wong* ýurduň koroly boldy. 1960-njy ýylyň 9-njy awgustynda sagçy güýçler döwlet agdarylyşygyny guradylar.

Ýurtdaky ýagdaýy düzgünleşdirmek üçin 1961-nji ýylyň ýaz-tomus aýlarynda Laos boýunça halkara maslahaty geçirildi. Oňa Laosdan başga SSSR, ABŞ, Angliýa, Fransiýa, Kanada, Hindistan, Birma, Kamboja, Tailand, Günorta Wýetnam gatnaşdy. Maslahat arakesmeler bilen iki ýyldan gowrak dowam etdi. 1962-nji ýylyň 23-nji iýulynda Ženewa maslahaty Laosyň bitaraplyk derejesi baradaky Rezolýusiýa gol çekdi. Resminamanyň düzümine Laos hökümetiniň 1962-nji ýylyň 9-njy iýulyndaky bitaraplyk baradaky beýannamasy hem bölekleýin girdi.

1962–1975-nji ýyllar Laosyň taryhyna «üç partiýalylyk» döwri hökmünde girdi. SSSR, WDR, HHR esasy agzalary kommunistler bolan Laosyň Watançylyk frontuny goldady. Fransiýa Laosda öz täsirini saklap galmak üçin şazada Suwanna Fumanyň tarapyny tutýardy. ABŞ bolsa sagçylaryň arkasyny tutdy. 1973-nji ýyla çenli ýurtda raýatara urşy dowam etdi. Goňşy Wýetnamyň birleşdirilmegi we sosialistik ýoly saýlap almagy Laosa hem öz täsirini ýetirdi. 1975-nji ýylyň 2-nji dekabrynda ýurtda monarhiýa gurluşy ýatyryldy. Ýurduň koroly Sawang Watthana (1959–1975) tagtyndan agdaryldy. *Laos Halk Demokratik Respublikasy* döredildi. Pespublikanyň prezidentligine *Sufanuwong* saýlandy. Ol ýurdy 1975–1986-njy ýyllarda dolandyrdy. Keýson Fomwihan (1975–1991) ýurduň premýer-ministri boldy. Emma täze hökümet öňki düzgüniň tarapdarlaryndan rehimsiz ar alypdyr. 300 *müň* çemesi ilat jeza berilmeginden gorkup, daşary ýurda gaçýar. 1975-nji ýylda ýurtda sozializmiň guruljakdygy jar edilýär. 1981-nji ýylda birinji bäşýyllyk maksatnama kabul edildi. Ýurduň ýolbaşçylary 1986-njy ýylda hususy eýeçiligiň ösdüriljekdigini, 1991-nji ýylda bolsa sozializmden el çekiljekdigini jar etdiler.

**Laos iki asyryň sepgidinde.** 1991-nji ýylda ýurduň ilkinji konstitusiýasy kabul edilip, 1992-nji ýylda şol boýunça täze saýlawlar geçirilipdir. Saýlawlar netijesinde prezident wezipesine *Keýson Fomwihan* (1991–1992) geçýär. Ol 1992-nji ýylda aradan çykandan soň *Nuhak Phumsawan* (1992–1998) prezident bolýar. 1998-nji ýyldaky saýlawlarda ýeňip, *Khamtaý Siphandon* prezident kürsüsine geçýär.

Geçen asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyrynda – 90-njy ýyllarynyň başynda Laosda Dep Sýaopiniňki ýaly özgertmelere başlandy. Kolhozlar ýatyryldy. Hususy daýhan hojalyklaryna ýeri miras almak, kärendesine peýdalanmak hukugy berildi. Kiçi we



*Laosdaky Pha That Luang budda ýadygärligi*

orta telekeçilik höweslendirildi. Kärhanalaryň köpüsi hususylaşdyryldy. Erkin ykdysady zolaklar döredilip başlandy. Laos daşarky bazara tokaý materiallaryny, kofäni, elektrik energiýasyny, galaýyny, misi, altyny eksport edýär.

Laosyň ykdysady babatda yzagalak ýurt bolmagy ýurtda syýasy durnuklylygy üpjün etmekde kynçylyk döredýär. Ýurtda hökümete garşy çykyşlar, terrorçylykly hereketler, gozgalaňlar bolup durýar. Mysal üçin, 1982-nji ýylda Laosyň demirgazygynda gozgalaň bolup, onuň ýolbaşçylary «Laos korollygynyň» döredilýändigini jar etdiler. Emma ol basylyp ýatyrylyp, gozgalaňyň ýolbaşçylary jezalandyryldy. 1999-njy ýylda Laosyň talyp ýaşlary hökümete garşy herekete baş göterdiler. Herekete gatnaşanlaryň 2 *müňden* gowragy 20 ýyllyk tussag edildi. 2000–2003-nji ýyllarda Laosyň köp şäherlerinde terrorçylykly hereketler güýçlenýär. Laosda ýaşaýan dagly halklar hökümete garşy ýaragly göreş alyp barýarlar. Bu hereketleriň ählisi Laosda syýasy durnuklylygyň ýokdugyndan habar berýär. Laos dünýäniň garyp ýurtlarynyň hataryna girýär.

♦ XIV asyrda kartada peýda bolan Laos döwleti şol wagt **Lan Sang Hom Khao** diýlip atlandyrylyp, ol «**Million piliň we ak saýawanyň ýurdy**» diýmegi aňladypdyr.

♦ Maý aýynyň başynda Laosda **ýagyş festiwaly** geçirilýär.

♦ Laosyň ilatynyň aglabasy buddizme uýýar.

## § 3. Kamboja



***Kamboja korollygy*** *Günorta-Gündogar Aziýada, Hindihytaý ýarymadasynda ýerleşýär. Gündogarda Wýetnam, demirgazykda Laos, demirgazyk-günbatarda Tailand bilen serhetleşýär. Tutýan meýdany 181 040 inedördül kilometr (dünýäde 88-nji ýerde). Ilatynyň sany 2015-nji ýylyň maglumaty boýunça 15 mln 708 müň adam (dünýäde 65-nji ýerde). Paýtagty – Pnompen şäheri.*



*Norodom Sianuk*

**1970-nji ýylyň döwlet agdarylyşygy.** 1954-nji ýylda Hindihytaý boýunça Ženewa maslahaty Kambojanyň özygtyýarlygyny ykrar etdi. Ýurtda Norodom Sianugyň monarhiýa düzgüni dowam edýärdi. Norodom Sianuk 1941-nji ýylda 19 ýaşynda wagty ýurduň koroly bolupdy.

1960–1975-nji ýyllar aralygynda ýurtda raýatara urşy dowam etdi. Bu döwürde ýurtda çepçi ekstremistik toparlanyşygyň – *gyzyl khmerleriň* täsiri artdy. Gyzyl khmerleriň köpüsi 40–50-nji ýyllarda Fransiýada okap, kommunistik garaýyşlar bilen ýaraglananlardy. 60-njy ýyllarda Kambojanyň Kompartiýasynda (KKP) hytaý «medeni rewolýusiýasynyň» ideýalary giňden ýaýrap başlaýar. 1967-nji ýyldan başlap KKP-niň baştutany Pol Potuň talaby bilen N.Sianugyň düzgünine garşy ýaragly göreşi ýaýbaňlandyrmak karar edilýär.

60-njy ýyllaryň ikinji ýarymynda syýasy sahna sagçy oppozisiýa hem çykýar. Oňa goşun serkerdeleriniň öňbaşçysy general Lon Nol we şazada Sirik Matak baştutanlyk edipdir. 1970-nji ýylyň 18-nji martynda N.Sianugyň ýurtda ýokdugyndan peýdalanyp, ABŞ-nyň goldawyna daýanýan general *Lon Nol* häkimiýeti basyp alýar.

**Gyzyl khmerleriň häkimiýete gelmegi.** Aprel aýynda Lon Noluň häkimiýetini goldamak üçin Kamboja ABŞ-nyň we Günorta Wýetnamyň goşunlary girizildi. Emma dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ýazgarylansoň, olar bir aýdan Kambojadan çykaryldy. Maý aýynda Lon Noluň düzgünine garşy güýçler Hytaýda Kambojanyň bütewi milli frontuny (KBMF) döretdiler. Oňa N.Sianugyň tarapdarlary we onuň öňki garşydaşlary bolan kommunistler girdiler. Oktýabr aýynyň başynda Wýetnam Demokratik Respublikasynyň goşuny KBMF-niň «goşun birikmesi» hökmünde Kambojanyň gündogar welaýatlaryny eýeläp, olary gyzyl khmerleriň gözegçiligine berdi. 1970-nji ýylyň 9-njy oktýabrynda Kamboja resmi taýdan *Khmer Respublikasy* diýlip yglan edildi. Emma onuň baştutany Lon Nol hem halkyň, hem halkara jemgyýetçiliginiň goldawyndan mahrumdy. 1970-nji ýylyň ahyrynda khmerler paýtagty esasy oba hojalyk etraplaryndan bölüp aýyrdylar. Lon Noluň öz sosial daýanjyny berkitmek üçin demokratiýa ugrundaky çäreleri hem netije bermedi. Bäş ýyla çeken partizançylyk urşunyň netijesinde gyzyl khmerleriň syýasy abra-



Pol Pot

ýy has berkedi. 1975-nji ýylyň başynda eýýäm olar ýurduň çäginiň 90%-ini öz gözegçiliginde saklaýardylar. Şol ýylyň aprelinde Lon Nol tarapdarlaryny alyp, paýtagt Pnompeni taşlap gitdi.

**Pol Potuň düzgüni (1975–1979).** 1975-nji ýylyň 17-nji aprelinde häkimiýeti *Pol Potuň* (hakyky ady Salot Sar, Pol Pot lakamy fransuz dilindäki «*politique potentielle*» – «*potensial syýasat*» sözüniň gysgaldylan görnüşi bolup durýar) baştutanlygynda «gyzyl khmerleriň» çepçi ekstremistik toparlanyşygy basyp aldy. Ýurduň ady «*Demokratik Kampuçiýa*» (ýurduň khmerçe ady) diýlip üýtgedildi. Hytaý Kambojada gyzyl khmerleriň häkimiýeti basyp almagyna ýardam berdi.

Pol Pot örän gysga möhletde Kambojada kommunizm gurmak isledi. Munuň üçin ol öz hususy halkyna garşy genosid düzgünini ornaşdyrdy. Pol Potuň garaýşyna görä, «ýagty geljegi» gurmak üçin onuň düzgünine wepaly 1 *million* adam ýeterlikdi. Galan 6 *milliondan* gowrak adam gaýtadan terbiýeläp bolmajak hökmünde ýok edilmäge degişlidi. Dürli maglumatlara görä, 4 ýyla golaý wagtyň içinde 1 *mln*-dan 4 *mln*-a çenli adam gyryldy. Ok zaýalamazlyk üçin adamlary pil we beýleki serişdeler bilen urup öldüripdirler, açlyk bilen gyrypdyrlar, beýleki zorluk serişdelerini ulanypdyrlar. Hat-ýazuw, pul, daşary ýurt dilleri, daşary ýurt dilindäki kitaplar gadagan edildi. Hatda äýnek dakynmaklyk hem ýazgaryldy. Islendik din gadagan edildi. Saglygy goraýyş, ylym-bilim, medeniýet ulgamlary ýok edildi. Hassahanalar, mekdepler, ýokary okuw mekdepleri, beýleki ylym we medeniýet ojaklary ýapyldy. Ýolbaşçylygyň buýruklaryndan başga zatlary ýazmak we okamak gadagan edildi. Ogrulary sorag-idegsiz atypdyrlar. Hatda bagdan ýolnan ýekeje miwe üçin ölüm jezasyna höküm edilipdir. Etniki hytaýlylar, wýetnamlylar, beýleki milletiň wekilleri, budda monahlary, lukmanlaryň, mugallymlaryň, talyplaryň köp bölegi, umuman, ýokary bilimli adamlar ýok edilipdir.

Öňki düzgüniň gullukçylary we harby gullukçylar fiziki taýdan ýok edildi. Pol Pot 1975-nji ýylda ýurda dolanan N.Sianugy öý tussaglygyna sezewar edipdir, onuň garyndaşlarynyň we egindeşleriniň köpüsini jezalandyrypdyr. 1976-njy ýylyň aprelinde N.Sianuk resmi taýdan wezipesinden çetleşdirilipdir. Pol Pot ýurduň premýer-ministri, onuň orunbasary *Iýeng Sari* daşary işler ministri bolupdyr.

Kamboja 6 sany harby etraba bölünip, oňa Pol Pota iň wepaly adamlar ýolbaşçylyk edipdirler. Tutuş ýurt 18–20 sagatlyk iş güni dowam edýän *oba hojalyk kommunalaryna* öwrülipdir. Khmerler Pnompeni eýelän badyna 72 sagadyň dowamynda paýtagtyň 2,5 *mln* ilatyny obalara göçürdiler. Paýtagtda diňe 20 *müň* adam – esgerler we dolandyryjy apparat galdyrylypdyr. Şäherlileri «*amerikan çozuşyndan goramak*» bahanasy bilen obalardaky zähmet öwzarlaryna (barak) äkidipdirler.

Kiçeňräk boýun egmezlikler (meselem, kommunanyň ýolbaşçysynyň rugsady bolmazdan çaga dogurmak) hem ýowuz jezalandyrylypdyr. Gozgalaňa baş göterenler ýok edilipdir. Trea obasynyň adamlary kätmen bilen urlup öldürilipdir. Halkdan ýurduň ýolbaşçylarynyň ady we suraty gizlin saklanypdyr. Pol Pot dine garşy hem göreş yglan edipdir. Buddizme, yslama ynanýanlar yzarlamalara sezewar edilipdir, olaryň mukaddes ýerleri weýran edilipdir.

Wýetnam Pol Potuň syýasatyna garşy durup, oňa garşy göreşýän güýçleri goldapdyr. 1978-nji ýylda Pol Pot goňşy Wýetnama garşy serhetýaka söweşlerini alyp barypdyr. Ony Wýetnama garşy uruş diýip atlandyrypdyr. 1975–1989-njy ýyllarda Kamboja bilen Wýetnamyň arasynda gapma-garşylyklar dowam etdi. 1978-nji ýyldan başlap ýurtda halk gozgalaňlary tutaşyp, olaryň käbirine gyzyl khmerleriň syýasatyndan nägile öňbaşçylar ýolbaşçylyk edipdirler. 1978-nji ýylyň dekabrynda Demokratik Wýetnam Respublikasynda Pol Potuň düzgünini agdarmagy maksat edinen güýçler bitewi fronty döredipdirler. Olaryň resmi haýyşy boýunça Kamboja Wýetnamyň goşunlary girizilipdir. Olar gysga wagtda Kambojanyň esasy bölegini eýeläpdirler.

**Monarhiýanyň dikeldilmegi.** 1979-njy ýylyň 7-nji ýanwarynda Pnompen wýetnam goşunlary tarapyndan eýelenipdir. Häkimiýet kommunist *Heng Samriniň* baştutanlygynda Kampuçiýanyň Halk Rewolýusion geňeşiniň eline geçipdir. 1979--njy ýylyň ýazynda wýetnam goşunlarynyň kömegi bilen Pol Potuň esasy daýanç nokatlary ýok edilipdir. Pol Potuň tarapdarlary Tailand bilen serhetýaka etraplara gaçyp, garşylyk görkezmegini dowam etdiripdir. 1979-njy ýylyň tomsunda harby tribunal Pol Poty we Iýeng Sarini öz halkynyň jellady hökmünde aýyplap, olary gaýybana ölüm jezasyna höküm edipdir. 1981-nji ýylda Kompartiýanyň gurultaýy bolup, Pol Potdan ýüz öwren gyzyl khmerler Kampuçiýanyň Halk Rewolýusion partiýasyny (KHRP) esaslandyrypdyrlar. Ýurtda sosializm gurluşygyna tarap ugur alyndy. Pol Potuň tarapdarlary bolsa öz kompartiýalaryny ýatyryp, öz geçiren ganly tejribelerini «pajygaly ýalňyşlyk» hökmünde boýun aldylar.

Kambojada bolan wakalary halkara bileleşigi dürlüçe kabul etdi. Täze hökümet Wýetnamyň goldawyna bil baglady. ABŞ, HHR we BMG-niň köp agzalary resmi taýdan Pol Potuň, N.Sianugyň we emigrasiýada «Demokratik Kampuçiýanyň gatyşyk hökümetini» döreden öňki premýer-ministr Son Sannyň tarapdarlaryny goldaýardy. Ýurtda 1989-njy ýyla çenli Wýetnamyň goşunlarynyň saklanyp, onuň Kambojanyň içeri we daşary syýasatyna täsir etmegi halkara bileleşigine ýaramady. KHR-i diňe sosialistik lageriň ýurtlary (Rumyniýadan başgasy) we olaryň üçünji dünýädäki ýaranlary ykrar edipdi. KHR-e diplomatiki gabawy böwüsmek başartmady. Şeýle bolansoň, 1989-njy ýylda ýurduň Konstitusiýasyna üýtgetmeler girizilip, sosialistik ugurdan ýüz öwrüldi, monarhiýany dikeltmäge ýol açyldy. 1990-njy ýylda KHR *Kamboja döwleti* diýlip atlandyryldy. KHRP Kambojanyň Halk partiýasyna (KHP) öwrüldi.



Hun Sen



Norodom Siamoni

Wýetnam goşunlary ýurtdan çykarylansoň, ýurtda 4 ýyl geçiş döwri dowam etdi. 1989–1991-nji ýyllarda Kamboja boýunça Pariž halkara maslahaty geçirildi. BMG bu ýerde parahatçylygy üpjün etmek barada operasiýa geçirdi. 1993-nji ýylda BMG-niň tagallasy bilen, Kambojada ählumumy saýlawlar geçirildi. N.Sianugyň tarapdarlarynyň partiýasy – FUNSINPEK ýeňiş gazandy. 1993-nji ýylyň sentýabr aýynda Norodom Sianugyň baştutanlygynda Kamboja korollygy gaýtadan dikeldildi. 1998-nji ýylda Pol Pot aradan çykansoň, gyzyl khmerler syýasy we harby güýç hökmünde ýaşamagyny bes etdi. Olaryň lideri *Iýeng Sari* Kambojanyň hökümeti bilen ylalaşyk baglaşdy.

90-njy ýyllaryň ikinji ýarymynda FUNSINPEK bilen KHP--niň arasynda syýasy oňşuksyzlyk güýçlendi. Iş ýüzünde ýurtda iki häkimiýetlilik dowam edýärdi. Bir tarapdan KHP-niň öňbaşçysy *Hun Sen*, ikinji tarapdan Sianugyň ogly şazada *Ranaritiň* arasyndaky göreşiň netijesinde hakyky häkimlik öňki daşary işler ministri Hun Seniň eline geçdi. Ol premýer-ministr bolandan soň kem-kemden ähli häkimiýeti öz elinde jemlemegi başardy. Ranarit Kambojany taşlap gitmeli boldy. 1997-nji ýylda dört ýyllap häkimiýeti paýlaşyp dolandyran Hun Sen iş ýüzünde



*Angkor-Wat induizm ybadathanasy*

döwlet agdarylyşygyny geçirdi – häkimiýeti doly öz eline aldy. 2004-nji ýylyň 7-nji oktýabrynda Kambojanyň özbaşdaklygy ugrunda uly hyzmatlary bitiren Norodom Sianuk saglyk ýagdaýy sebäpli tagtyndan ýüz öwürdi. Emma tagtyndan aýrylsa-da, ol tä ömrüniň ahyryna çenli döwletde täsirli adam bolmagynda galdy. Ol 2012-nji ýylda 89 ýaşynda aradan çykdy.

2004-nji ýylda ýurduň koroly wezipesine dolandyryjy nesilşalykdan bolan *Norodom Siamoni* saýlandy (Kambojada dolandyryjy nesilşalygyň wekillerinden ybarat geňeş ýurduň korolyny saýlaýar).

90-njy ýyllardan başlap Kamboja bazar özgertmelerine içgin geçip başlady. Kärhanalar hususylaşdyrylyp başlandy. Ýurda daşary ýurt maýasynyň çekilmegine şertler döredildi. BMG-niň ölçeglerine görä, Kamboja dünýäniň garyp ýurtlarynyň hataryna girýär. Kambojanyň ähli senagat önümçiliginiň 80%-ini tikinçilik pudagy berýär. Bu pudagyň önümleri ABŞ-a we Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlaryna iberilýär. Daşarky bazara kauçuk, agaç, soýa, şaly, mekgejöwen çykarýar.

Kambojadaky Wişna hudaýyna bagyşlanan ägirt uly Angkor-Wat induizm ybadathanasy dünýä jahankeşdeleriniň ünsüni özüne çekýär. Ol dünýäde tutýan meýdany boýunça iň uly ybadathana toplumy hasaplanýar.

♦ Kambojanyň premýer-ministri Hun Sen, ýurduň hökümetindäki esasy wezipeli adamlar, goşundaky we polisiýadaky ýokary çinli adamlar, gubernatorlar, merler – bularyň hemmesi ozalky gyzyl khmerlerdir.

♦ **Khmer elipbiýi iň uly elipbiý hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girendir.** Onuň 72 sany harpy bar.

## § 4. Mýanma

***Mýanma Bileleşigi Respublikasy (öňki Birma)*** *– Günorta-Gündogar Aziýada, Hindihytaý ýarymadasynyň günbatarynda ýerleşen döwlet. Tutýan meýdany 678 500 inedördül km (dünýäde 39-njy ýerde). Ilaty 55,1 mln (2013). Resmi dili – birma dili, esasy dini – buddizm. Günbatarda Bangladeş we Hindistan, demirgazykda we demirgazyk-gündogarda Hytaý, gündogarda Laos we Tailand bilen araçäkleşýär. 1989-njy ýyla çenli döwletiň ady resmi taýdan Birma diýlip atlandyryldy. Paýtagty – Neýpiidoo şäheri.*



1948–1962-nji ýyllar Birmanyň Garaşsyzlygynyň birinji tapgyry hasaplanýar. 1958-nji ýyla çenli *U Nu* ýurduň prezidenti boldy. Bu döwür Halk azatlygy guramasy bilen Kompartiýanyň («Ak baýdak») arasynda ýurduň ösüş ýoluny saýlamak meselesinde oňşuksyzlyk bilen alamatlandy. 1948–1949-njy ýyllarda ýurtda raýatara urşy boldy. Ýurduň daglyk etraplarynyň ilaty general U Ne Wi-




niň töweregine jemlendiler. Hökümet kommunistlerden diňe Birma gaçyp gelen Hytaýyň gomindançy goşunlarynyň galyndysyna daýanyp goranyp bildi. Gomindançylar Birmada 1961-nji ýyla çenli saklandy. U Nu ýagdaýdan çykalga tapman, 1958-nji ýylyň güýzünde häkimiýeti harbylara tabşyrdy. Olar general U Ne Winiň baştutanlygynda geçiş hökümetini döretdiler. 1960-njy ýylyň başyndaky parlament saýlawlarynda U Nu ýeňiş gazanyp, premýer-ministr boldy. Onuň buddizmi döwlet dini diýip yglan etmegi beýleki milli-dini azlyklarda (şanlar, karenler, kaçinler, kaýlar, çinler) nägilelik döretdi. Pursatdan peýdalanyp, 1962-nji ýylyň 2-nji martynda harbylar general U Ne Winiň baştutanlygynda harby agdarylyşyk geçirdiler. Ýurduň taryhynda garaşsyzlygyň ikinji tapgyry başlandy. 1962–1981-nji ýyllarda ýurdy general *U Ne Win* dolandyrdy. Ol öz wezipesini *San Ýu* diýen egindeşine tabşyrsa-da, iş ýüzünde 1988-nji ýyla çenli döwleti özi dolandyrdy.



*U Ne Win*

Birma ösüşiň sosialistik ýoluny saýlap aldy. Harbylar 1962-nji ýylyň aprelinde «*Sosializme tarap Birma ýoly*» atly maksatnamany kabul etdiler. Ol özboluşlylygy bilen tapawutlanýardy. Harbylar garşydaşlary bolan kommunistleri häkimiýetden çetleşdirdiler. Olar parlament demokratiýasyndan ýüz öwürdiler. 1964-nji ýylda Birma sosialistik maksatnamasy partiýasyndan (Lanzan) başga ähli syýasy partiýalar gadagan edildi. Halka daýanjyny berkitmek üçin buddizme uly ähmiýet berdiler. Daşary syýasatda Birma parahatçylyk söýüjilik, oňyn bitaraplyk, Hindihytaýda uruş hereketleriniň bes edilmegi ugrunda çykyş etdi. 1963-nji ýylda iňlis maýasyna degişli bolan nebit senagaty, soňra daşary ýurt banklary, daşary söwda millileşdirildi. Geçirilen özgertmeleriň netijesinde iri döwlet pudagy döredildi. Ýurda daşary ýurtlularyň hususy maýa goýumlarynyň getirilmegi gadagan edildi. Ýurduň içindäki hytaý, hindi raýatlary, esasan hem maýadarlary Birmadan çykaryldy. Hususy pudagyň üstünden berk döwlet gözegçiligi ýola goýuldy. Mugt medisina hyzmaty ýola goýuldy. Döwletiň bilime goýýan çykdajylary artdyryldy. Emma, umuman alnanda, Birmadaky özgertmeler känbir oňyn netijeleri bermedi. Işsizlik artdy. Kompartiýa Hytaý bilen serhetýaka demirgazyk-gündogar etraplara gidip, hökümete garşy ýa-

ragly göreş alyp bardy. Harbylaryň diktaturasy ýurdy syýasy-ykdysady kynçylyga getirdi. Halk nägileligi artansoň, 1974-nji ýylda raýat dolandyryşyna geçildi. Täze Konstitusiýa kabul edildi. Ol boýunça döwletiň ady Birma Bileleşigi Sosialistik Respublikasy diýlip atlandyryldy. Harby gullukdan boşan Ne Win (raýat ady U Ne Win) ýurduň prezidenti boldy. Birmadan bolan, BMG-niň öňki Baş sekretary U Tanyň jaýlanyş dabarasynda 1974-nji ýylyň dekabrynda Rangunda talyplaryň hökümete garşy tolgunyşyklary bolup geçdi. U Nu 60-njy ýyllaryň ahyrynda Tailanda gidip, ol ýerde oppozisiýa ýolbaşçylyk edipdi. 1980-nji ýylda düzgüniň syýasy garşydaşlarynyň günäsi geçilensoň, ol ýurda gaýdyp geldi. Ne Winiň hökümeti daşary syýasatda bitaraplyk ýörelgelerine esaslanan üzňelik syýasatyny ýöretdi.

Hususy pudagyň we erkin bazar gatnaşyklarynyň çäklendirilmegi Birmada uly ykdysady kynçylyklara getirdi. Hökümetiň halk nägileligini köpçülikleýin jezalandyrmalar bilen ýatyrmak islegi ters netije berdi. 1988-nji ýylda talyplar köpçüligi aýaga galdy. 1988-nji ýylyň 18-nji sentýabr harby agdarylyşygyndan soň, 1997-nji ýyla çenli ýurtda ýene harby düzgün dowam etdi. 1989-njy ýylda döwletiň ady *Mýanma Bileleşigi* (döwletiň iň uly etnosy bilen bagly) diýlip atlandyryldy. Ýurduň paýtagtynyň Rangun ady hem Ýangon diýlip üýtgedildi. Täze hökümet bazar gatnaşyklaryna gönükdirilen özgertmeleri geçirmäge, köppartiýalylyk esasynda parlament demokratiýasyna geçmäge halka söz berdi. 1990-njy ýylyň saýlawlarynda oppozisiýadaky partiýanyň – Demokratiýa ugrundaky milli liganyň lideri *Aun San Su Çži* (ol Aun Sanyň gyzydyr) ýeňiş gazandy. Emma ol entek saýlawlaryň öň ýanynda – 1989-njy ýylda öý tussaglygyna sezewar edilipdi. Hatda 1991-nji ýylyň güýzünde parahatçylyk boýunça Nobel baýragy berilse-de, harbylar ony öý tussaglygyndan boşatmadylar. Nägile oppozisiýa Tailand bilen serhetýaka etraplarda öz hökümetini döretdiler. 1992-nji ýylda häkimiýete gelen general *Tan Şwe* köppartiýalylyk ulgamyny girizmäge söz berip, Su Çžiniň ýurtdan gitmegini talap etdi. Emma ol boýun towlap, öz partiýasynyň täze konstitusiýanyň taslamasyny işläp taýýarlajakdygyny aýtdy. Emma ol harbylar tarapyndan ret edildi. 1998-nji ýylda taraplaryň arasyndaky gapma-garşylyk has ýitileşdi. Su Çži 1990-njy ýylda saýlanan parlamente häkimiýetiň berilmegini harbylardan talap etdi. Harbylar talaby berjaý etmänsoň, Su Çžini goldaýan talyplar okuwlaryny taşladylar. 1995-nji ýylda Su Çži tussaglykdan boşadyldy. Birma harbylarynyň nusga alýan generaly Guhartonyň Indoneziýada häkimiýetden çetleşdirilmeginden soňra harbylar ýurtda ýagdaýy birneme kadalaşdyrdylar. Su Çži dürli aýyplamalar bilen 15 ýyllap (1988–2010) öý tussaglygynda saklandy.



*Aun San Su Çži*



*Pagandaky budda stupalary*

2016-njy ýyldan başlap Su Çži Mýanmanyň daşary işler ministri hem-de döwlet geňeşçisidir. Olaryň soňkusy, takmynan, premýer-ministriň derejesine deňdir.

Birmanyň ykdysadyýetiniň esasyny oba hojalygy düzýär. Ilatynyň 70%-i şu pudakda zähmet çekýär. Ol şalyny has köp öndürýär. 2004-nji ýylda ol 23 *mln* tonna şaly öndürdi. Mýanma tiryegiň köp öndürilýän ýurdy bolup (ýylda 2,5 *müň* tonna), bikanun neşe söwdasyny gözegçilikde saklamak hökümete başardanok. Senagaty tokaý, dag-magdan, gaz, nebiti gazyp almak, energetika we azyk pudaklaryna ýöriteleşendir. Nebitiň, tebigy gazyň, galaýynyň, altynyň, kümşüň, gurşunyň baý gorlaryna eýe. 2016-njy ýylda Mýanmanyň ykdysadyýetiniň ösüş depgini 6,3% boldy.

Birma ýadro, himiýa ýaragynyň synaglaryny doly bes etmek ugrunda çykyş edýär. Dünýä bileleşigine işjeň goşulyşmagy ol sebit hyzmatdaşlygyny berkitmekde görýär. Mýanma 1997-nji ýyldan bäri Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň assosiasiýasynyň (ASEAN) agzasydyr. Ol BIMSTEK ykdysady hyzmatdaşlyk toparyna (Bangladeş, Hindistan, Mýanma, Şri-Lanka, Tailand) girýär. Hytaý bilen ýygjam gatnaşyklary saklaýar.

♦ «**Mýanma**» birma dilinde «**çalasyn**» diýmegi aňladyp, onuň «**mýa**» atly düýp köki «**zümerret**» manysyny berýär.

♦ U Nu 1955-nji ýylda J.Neru, Çžao Enlaý, J.A.Naser, Sukarno, I.B.Tito bilen birlikde Goşulmazlyk hereketiniň başyny başlan Bandung maslahatyny guramakda uly işleri bitirdi.

♦ Mýanma gymmatbaha nefrit daşynyň dünýä gorunyň 90%-ine eýedir.

♦ Mýanmada Kutodau pagodasynyň ýanynda daş plitalara budda tekstleri ýazylan dünýädäki iň uly kitap ýerleşendir.

♦ **Mýanmanyň ýaşaýjylarynda familiýa we atasynyň ady ýokdur. Olarda diňe öz ady bardyr.**

♦ **Stupa** (sanskrit. **«ýeriň, daşlaryň süýr depesi; çür başy, ýer depesi»**) – ýarym sfera görnüşindäki budda binagärlik-skulptura kult desgasy. Ilkibada ol mukaddes zatlaryň saklanýan ýeri (relikwariý), soňra ýadygärlik hökmünde ulanylypdyr.

## § 5. Tailand

***Tailand Patyşalygy*** *– Günorta-Gündogar Aziýada, Malakka we Hindi-Hytaý ýarymadasynda ýerleşip, günbatarda Mýanma, demirgazyk-gündogarda Laos, gündogarda Kamboja, günortada Malaýziýa bilen serhetleşýär. Tutýan meýdany 514 müň inedördül km (dünýäde 50-nji ýerde). Tailand 1939-njy ýyla çenli hem-de 1945–1949-njy ýyllarda Siam diýlip atlandyrylýardy. Ýurduň häzirki ady Tailand ýa-da Prathetthaý «Erkin adamlaryň ýeri» diýmegi aňladýar. Ilaty 2015-nji ýylyň maglumatyna görä, 68,4 mln adam. Paýtagty – Bangkok şäheri.*









Tailand sebitiň ýurtlarynyň arasynda Ýaponiýadan soň koloniýa öwrülmedik ýeke-täk ýurtdur. Tailand ýewropalylaryň koloniýasy bolmandygy üçin ony «*erkinleriň ýurdy*» diýip atlandyrypdyrlar. Ýurduň Tailand ady ýewropalylaryň dakan ady bolup, ol *taýlaryň ýurdy* diýmegi aňladýar. Taý diýmek «*erkin*», «*azat*» diýmegi aňladýar. Taýlaryň özleri ýurduny *Myangtaý* diýip atlandyrýarlar.

Ýurtda köp partiýalylyk ulgamy we parlament demokratiýasy ornaşdyryldy. 1945–1973-nji ýyllar ýurduň taryhyna harby öwrülişikler döwri hökmünde girdi. Ikinji Jahan urşundan soň Tailand ABŞ-nyň Günorta-Gündogar Aziýadaky harby

daýanjyna öwrüldi. Ol Koreýa we Wýetnam uruşlarynda ABŞ-ny goldady. 1973--nji ýyldan başlap Tailandda kem-kemden raýat dolandyryşyna geçilip başlandy. 1975-nji ýylyň başynda parlamente saýlawlar geçirildi. 1976-njy ýylyň tomsunda ýurtdan amerikan goşunlary çykaryldy. Şundan soňky döwürde hem ýurtda birnäçe harby agdarylyşyklar guraldy.

Tailand konstitusion monarhiýa bolup, ýurduň başynda patyşa durýar. Emma ol döwlet işlerine goşulmaýar. XX asyryň ikinji ýarymynda XXI asyryň başlarynda Tailanda 70 ýyllap *Pumipon Adylýadet* patyşa boldy.



***Pumipon Adylýadet*** *(1927–2016) – Tailandyň patyşasy. Başlangyç mekdebi Tailandda, orta mekdebi Şweýsariýada okaýar. Kakasy ýogalandan soň uly dogany tagta geçýär. Pumipon Adylýadet 1946-njy ýylda dogany ýogalandan soň tagta geçýär. Ol Çakriler nesilşalygynyň 9-njy hökümdarydyr. Şonuň üçin oňa Rama IX hem diýilýär. Ol nesilşalygyň taryhynda iň uzak patyşa bolanydyr, dünýäniň häzirki monarhlarynyň arasynda hem iň uzak wagt tagtda oturanydyr. 2016-njy ýylda onuň tagta geçenine 70 ýyl boldy. Ol milliarder, baýlygyndan 3000 çemesi (aýratyn-da oba hojalygyny ösdürmäge gönükdirilen) dürli taslamalara maýa goýýar. Pumipon Adylýadet halkyň arasynda uly hormata eýedi. Ol döwlet işlerine goşulmazlyga çalşypdyr. Emma ýurtda adatdan daşary ýagdaýlar, tolgunyşyklar, hökümetden närazylyklar dörände ýagdaýy kadalaşdyrmak üçin oňyn täsirini ýetirmegi başarypdy. Ol 2016-njy ýylyň 13-nji oktýabrynda 89 ýaşynda aradan çykdy.*



*Maha Waçiralongkorn*

Pumipon Adylýadet ýogalandan soň 2016-njy ýylyň dekabrynda patyşalyk tagtyna onuň ýeke-täk ogly, 1952--nji ýylda doglan *Maha Waçiralongkorn* Rama X ady bilen geçdi.

Tailand patyşalyk bolsa-da, ýurdy dolandyrmakda esasy orun premýer-ministre degişlidir. Adatça, saýlawlarda ýeňen partiýanyň ýolbaşçysy premýer-ministr wezipesine geçýär. 2001-nji ýylyň saýlawlarynda ýeňiji partiýanyň ýolbaşçysy *Taksin Çinnawat* premýer-ministr wezipesine geçýär. Ol asyl gelip çykyşy boýunça hytaýlydyr. Taksin Çinnawat ilkibaşda polisiýada işläpdir. Soňra telekeçilik bilen meşgullanyp, gaty baýapdyr. Onuň kompaniýasy el telefonlaryndan başlap uçarlara çenli dürli harytlary öndürýär.



*Taksin Çinnawat*

2001-nji ýylda premýer-ministr bolandan soň ol parahorçylyga, neşe söwdasyna garşy berk göreşýär. 2004-nji ýylyň sunamisiniň ýetiren zyýanlaryny ýok etmekde köp işler edýär. Ýurduň garyp, yzagalak demirgazyk-gündogar sebitlerini ösdürmäge ähmiýet beripdir. Oba fermerlerine ýeňillikli karzlary beripdir. Hökümet oba ýaşlaryny daşary ýurtlarda bilim almaga höweslendiripdir. Taksin oba daý-

hanlarynyň söýgüsini gazanyp, 2005-nji ýylda hökümet baştutanlygyna ikinji gezek saýlanýar. Emma ol terrorçylaryň eden-etdiliklerini basyp ýatyryp bilmeýär. Şol hem onuň häkimiýetden çetleşdirilmegine sebäp bolýar. 2006-njy ýylda harbylar onuň hökümetini agdarýar. Tailandy wagtlaýynça harbylar dolandyrýar. 2007-nji ýylda harbylar meýletin häkimiýetden el çekýärler.

2007-nji ýylda parlamente saýlawlar geçirilýär. Onda Taksiniň tarapdarlaryndan bolan asly hytaýly, *Samak Suntharawet* ýeňiş gazanyp, premýer-ministr bolýar. Ol bir ýyldan soň kazyýet tarapyndan wezipesinden daşlaşdyrylýar. Soň Taksiniň giýewisi premýer-ministr bolýar. Ony hem birnäçe aýdan soň kazyýet aýyrýar. Soňra öňki saýlawlarda az ses alan demokratik partiýa 3 ýyl ýurdy dolandyrýar. Taksiniň tarapdarlary gyzyl köýnek, demokratik partiýanyň tarapdarlary sary köýnek geýip, biri-birine garşy göreşe başlaýarlar. *Gyzylköýnekliler* saýlawlarda ýeňlen *saryköýneklileriň* ýurdy dolandyrmaga hukuklarynyň ýokdugyny aýdyp, köçä çykýarlar. 2010-njy ýylda bu garşylyklar has ýitileşip, paýtagtdaky çaknyşyklarda 87 adam öldürilýär, 1000-den gowragy ýaralanýar.


*Ýinglak Çinnawat*

2011-nji ýylda täze saýlawlar geçirilip, gyzylköýnekliler ýeňiş gazanýarlar. Gyzylköýneklilerden *Ýinglak Çinnawat* premýer-ministr bolýar. Ol Taksiniň aýal doganydyr. 2013–2014-nji ýyllarda saryköýneklileriň tarapdarlary Çinnawata garşy çykyp köçelere çykdylar. Olar Ýinglak Çinnawaty daşary ýurtda ýaşaýan dogany Taksiniň diýeni boýunça ýurdy dolandyrmakda aýyplaýarlar. Çinnawatdan häkimiýetden aýrylmagy talap edýärler. Ahyrsoňy, 2014-nji ýylyň maýynda Ýinglak Çinnawaty ýurduň ýokary kazyýeti wezipesinden aýyrmak hakynda höküm çykarýar. Bu bolsa Çinnawatyň tarapdarlarynyň ony goldap, köçelere çykmagyna getirýär. Şeýle dartgynly pursatda, 2014-nji ýylyň maýynda goşun generaly Praýut Çan-Oça döwlet agdarylyşygyny guraýar we häkimiýeti harbylar öz ellerine alýarlar. 2014-nji ýylyň awgustynda parlament Çan-Oçany ýurduň premýer-ministri saýlaýar. Ýurduň patyşasy Pumipon Adylýadet ony premýer-ministr hökmünde tassyklaýar.

Geçen asyryň 90-njy ýyllarynda Tailandyň ykdysadyýeti ýylda 10%-den gowrak ösdi. 1997-nji ýyldaky maliýe çökgünligi Tailandyň ykdysadyýetini has çökerdi. Ýurduň ykdysadyýeti bu çökgünlikden 2002-nji ýylda aýňaldy. Tailandyň ykdysadyýeti eksporta ýöriteleşdirilip, ýurt çalt depgin bilen ösýär. Tailand egin-eşik, kompýuterleri, ýuwelir önümlerini, tüwi we deňiz önümlerini eksport edýär. Azyk, dokma, elektrotehnika we himiýa senagatlary ösendir. Syýahatçylyk pudagy uly girdejiler berýär. 2011-nji ýylda Tailanda 19 *mln* gowrak syýahatçy gelipdir. Ýurduň girdejileriniň üçden iki bölegi eksportdan gelýär. Şonuň üçin dünýä ykdysady ýa-da maliýe çökgünlikleri Tailandyň ykdysadyýetine has erbet täsir edýär.



*Pattaýadaky Hakykat budda ybadathanasy*

2008–2009-njy ýyllaryň dünýä maliýe çökgünligi eksporta gönükdirilen ykdysadyýetli Tailanda agyr täsir etdi. 2011-nji ýylyň sunamisi Tailandyň ykdysady ösüşini ýene bökdedi.

**Tailandyň daşary syýasaty** barada aýdylanda, onuň Ikinji Jahan urşundan soň tä 1970-nji ýyllara çenli ABŞ bilen has ysnyşykly gatnaşyklary saklandygyny bellemelidiris. ABŞ bu döwürde harby babatda Tailandy goldapdy.ABŞ-nyň Wýetnama garşy uruş alyp baran döwründe ABŞ-nyň harby bazalary Tailandda ýerleşdirilipdi. XXI asyryň başlaryndan başlap Tailand özbaşdak daşary syýasat ugruny ýöredip, Aziýa ýurtlary bilen gatnaşyklaryna aýratyn ähmiýet berýär.

♦ **Tailand** geografiki kartada piliň kellesiniň şekilini ýada salýar. Şol sebäpli ýerli halk öz ýurduny **«Pilleriň ýurdy»** atlandyrýar. Patyşalygyň nyşany ak pil hasaplanýar.

♦ Tailand ilatynyň 12%-ini düzýän hytaý ilatyny (4 mln adam) üstünlikli assimilleşdirmegi başardy.

♦ Mundan 6 *müň* ýyl ozal ilkinji şaly Tailandda ekilipdir. Tailand dünýä bazaryna iň köp tüwi çykarýan döwletdir.

♦ **Tailandda resmi ýyl hasaby budda kalendary boýunça ýöredilýär.**

♦ Tailandda syýahatçylygyň ösmegine Wýetnam urşy täsir etdi. Tailandda ýerleşen amerikan harby bazalary şol bir wagtda Wýetnam urşuna gatnaşan amerikan harbylarynyň zähmet rugsady wagtynda dynç alýan ýerine öwrülýär.

♦ **Tailandda sesiňi gataldyp gürlemek kabul edilen däldir.** Ýylgyrmak – bu ýurtda adaty kada, Tailandy «gülküler ýurdy» atlandyrýarlar.

♦ **Taý dilinde «açlyk» diýen söz ýokdur.**

♦ Tailandyň ilatynyň 95%-i buddizme uýýar. Ýurt ajaýyp budda ybadathanalary, heýkelleri bilen meşhurdyr. Tailandda 32 700 budda ybadathanasy bar, ýurtda 370 *müň* monah ýaşaýar.

♦ **Tailandyň paýtagty Bangkok resmi atlandyrylyşy boýunça dünýäde iň uzyn at hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilendir.**

## § 6. Singapur

***Singapur Respublikasy*** *Günorta-Gündogar Aziýada ýerleşen şäher döwleti. Döwlet 63 sany adadan ybarat. Malaýziýanyň düzümindäki Johor soltanlygy hem-de Indoneziýanyň düzümindäki Riau adalary bilen serhetleşýär. Onuň tutýan meýdany – 719,1 inedördül km (dünýäde 171-nji ýerde), ilaty – 2012-nji ýylyň maglumaty boýunça 5,3 mln adam (dünýäde 115-nji ýerde). Resmi ady Singapur Respublikasy bolup, paýtagty – Singapur şäheri.*









Singapur Malakka ýarymadasynyň günorta böleginde ýerleşen adalar döwleti hasaplanýar. Onuň taryhy Malaýziýa bilen aýrylmaz baglydyr. Malaý şäherçesi bolan Tumasik 1299-njy ýyldan başlap *Singapur* («*Ýolbarsyň şäheri*») diýlip atlandyrylyp başlapdyr. 1824-nji ýylyň iňlis-golland ylalaşygyna görä, Angliýa bu ýere eýeçilik etmek hukugyny alypdyr. 1830-njy ýylda ol Britan Hindistanynyň çägine goşulypdyr. Ol «erkin port» statusyny alypdyr. 1867-nji ýylda Singapur «iňlis täjiniň koloniýasy» derejesini alypdyr.

Ikinji Jahan urşundan soň Singapur Angliýadan özbaşdaklygyny gazanmak ugrunda göreşini güýçlendirdi. 1958-nji ýylyň maýynda Angliýa Singapura Britan arkalaşygynyň düzüminde «öz-özüni dolandyrýan döwlet» derejesini berýär. Şol




*Singapuryň simwoly — merlaýon (ýarym ýolbars, ýarym balyk)*

ýylda ýurduň konstitusiýasy güýje girýär. Singapur 1963-nji ýylyň awgustynda döredilen Malaýziýa federasiýasynyň düzümine girýär. Singapur 1965-nji ýylyň 9-njy awgustynda onuň düzüminden çykyp, özbaşdaklygyny yglan etdi.

Singapur parlament respublikasydyr. Ýurduň syýasy durmuşynda *Halk hereketi* partiýasy görnükli orny eýeleýär. Ýurduň ilkinji premýer-ministri hytaý gelip çykyşly *Li Kuan Ýu* (1923–2015) bolýar. Ol bu wezipäni 1990-njy ýyla çenli eýeledi. Li Kuan Ýu 2011-nji ýyla çenli hökümetde geňeşçi boldy. 1999-njy ýylda hindi gelip çykyşly *Sellapan Rama Natan* ýurduň prezidenti boldy. 2004-nji ýylda ýurduň premýer-ministrligine Li Kuan Ýunyň uly ogly *Li Sýan Lun* bellenildi. 2017-nji ýylyň sentýabrynda malaý jemagatyndan bolan zenan *Halima Ýakob* Singapuryň taryhynda ilkinji gezek zenan prezident boldy.

Singapur köp görkezijileri boýunça seýrek gabat gelýän ýurt. Ol baý, ýaşamak üçin amatly, howpsuz, arassa, syýasy we ykdysady taýdan durnukly ýurt. Eýsem, geçen asyryň 50-nji ýyllarynda iş tapmak hyllalla, hatda içýän suwy hem birwagtlar Malaýziýadan getirilen, ilatynyň 40%-i okap hem ýazyp bilmeýän, ilatyň jan başyna düşýän JIÖ 550 amerikan dollaryna deň bolan Singapury ol görkeziji boýunça 100 esseden gowrak (55 182 ABŞ dollary) artan, hümmetsizlenmek ýok bolan, milli walýutasy durnukly derejede saklanýan, dünýäde ösen ýurtlaryň arasynda salgyt salmak we hökümet çykdajylary iň pes derejede bolan döwlete öwürmek – başgaça «*Singapur ykdysady gudratyny*» döretmek nädip başartdy?!



*Li Kuan Ýu*

Li Kuan Ýu «*Singapur ykdysady gudratynyň*» atasy hasaplanýar. Ol raýatlarynyň gulak asyjylyk psihologiýasyna daýanmak bilen hakyky mugallym hökmünde halkyny düýpli özgertmelere taýýarlady. Ilkinji nobatda, milletiň geljegi üçin akylly çagalaryň dogulmagyny üpjün etmelidi. Li Kuan Ýu ýokary intellektual derejeli maşgalalaryň binýadyny tutdy. Öňler ýokary bilimli singapur gyzlary durmuşa çykmaga we çaga dogurmaga känbir höwesek bolmansoň, ýokary bilimli singapur erkekleri ýa-ha garyp, ýa-da bilimsiz malaýziýa zenanlaryna öýlenmeli bolýardy. Li Kuan Ýu meseläni oňyn çözmek üçin nika agentliklerini döretdi – olaryň maksady intellektual derejesi we sosial ýagdaýy deň bolan erkekleri we aýallary bir maşgala birleşdirmegi maksat edinipdi. Elbetde, bu işde ýaşlaryň öz razylygy, ilkinji nobatda, möhümdi. Olaryň razylygy alnyp, ýaş maşgala gurlansoň, ýaş çatynjalara döwlet tarapyndan ýaşaýyş jaýyny edinmäge ýeňillikli karz berlipdir.

Bilim ulgamyny özgertmek «Singapur ykdysady gudratynyň» beýleki bir möhüm ugrudy. Ähli çagalara bilim almak üçin deň şertler we mümkinçilikler döredilipdir. Mekdeplerde her ýylda iňlis mugallymlarynyň gatnaşmagynda çagalar zehin barlagyndan (*IQ test*) geçirilipdir. Iň gowy netije görkezen çagalar ýurduň iň saýlantgy *Raffles mekdebinde* okadylypdyr. Hut şu mekdepde hem ýurduň geljekki ýolbaşçylary taýýarlanýardy. Şeýle çemeleşme ýurdy ýokary hünärli hünärmenler bilen üpjün etmäge mümkinçilik beripdir. Döwrebaplaşdyrylan bilim ulgamy Singapura uly üstünlikleri hem getirdi. Ol dünýäde intellektual derejesi boýunça iň öňdäki döwletleriň hataryna goşuldy. Oňat bilim alan we ýokary intellektual derejä ýeten ýaşlaryň akymy döwletiň üznüksiz ösüşiniň kepiline öwrüldi.

Singapuryň hökümeti dünýäde korrupsiýa garşy göreşde oňyn netijeleri gazanmagy başaran hökümetdir. Li Kuan Ýu aýratyn-da korrupsiýa garşy ýowuz göreş alyp bardy. Korrupsiýanyň öňüni almak üçin bu ýerde döwlet gullukçylary iň ýokary aýlyk tölenýän adamlaryň 10%-ine girýär. Parahorlyk üçin jenaýat jogapkärçiliginiň möhleti uzaldyldy. Tertip-düzgüni berjaý etmek üçin hukuk goraýjy edaralaryň ygtyýarlyklary giňeldildi. Singapurda kanunlara gürrüňsiz tabyn bolmak endigi kemala getirilendir. Kimdigine garamazdan, islendik kanun bozulma doly jogapkärçilige getirýär. Li Kuan Ýu Singapurdaky hytaý, malaý, hindi diasporalarynyň özara sazlaşykly ýaşamagyny üpjün etdi.

Singapur ykdysady babatda Günorta-Gündogar Aziýada has ösen ýurt hasaplanýar. Hatda 1998 we 2001-nji ýyllaryň sebit ykdysady çökgünligi Singapura zyýanyny ýetirmedi. Ýurtda nebiti gaýtadan işlemek ösendir. Deňiz ýalpaklygynda nebit agtarmakda baý tejribeleri bar. Dünýädäki dört sany iri portuň biri Singapurdadyr. Ýük dolanyşygy boýunça Singapuryň deňiz porty dünýäde ikinji ýerde durýar. Ol günde 150 gämini kabul edýär. Singapur portunda bir wagtda 1 müň sany gämi durup bilýär.

Singapur Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary üçin özboluşly «bazar meýdançasydyr». Bu ýere Malaýziýadan kauçuk, galaýy, Tailanddan tüwi getirilip, beýleki



*Singapur portunyň görnüşi*

ýurtlara eksport edilýär. Bu ýere ABŞ-dan, Ýaponiýadan, Ýewropadan gelen harytlar hem goňşy ýurtlara paýlanýar. Goňşy döwletleriň deňiz portlaryny gurmagy Singapuryň sebitde söwda araçysynyň roluny birneme peseldenem bolsa, ýurt onuň öwezini hususy senagatyny ösdürmek bilen dolmagy başardy.

Singapuryň aeroporty dünýäde halkara gatnawlarynyň iň iri çatrygy bolup, ol islendik howa şertlerinde uçuşlary amala aşyrmaga ukyply, ýokary amatlyklary bolan howa menzilidir. Singapura ýylda 15 *mln* gowrak syýahatçy gelýär.

«Singapur ykdysady gudratynyň» awtory bank işewürligini, elektronika pudagyny, söwda we syýahatçylyk pudagyny höweslendirmek üçin zerur şertleri döretdi. Daşary ýurt işewürlerini höweslendirmek üçin çözgütleri kabul etmek we ygtyýarnamalary almak has-da ýeňilleşdirildi. Netijede, geçen asyryň 70-nji ýyllarynda bergä batan Singapur indi daşary ýurtlara 300 *mlrd* amerikan dollaryny maýa goýýan döwlete öwrüldi. Singapur hökümetiniň indiki taslamalary durmuşa geçirmek üçin 200 *mlrd* amerikan dollaryndan gowrak ätiýaçlyk gory bar. 5 milliondan gowrak ilatly Singapurda 50 *müňden* gowrak millioneriň ýaşamagynyň özi-de döwletiň gurplulygyndan nyşandyr. Li Kuan Ýunuň baştutanlygynda döredilen «Singapur ykdysady gudraty» dünýäniň ençeme ýurtlaryny haýran galdyrýar. Birnäçe döwletleriň hökümet baştutanlary ondan bu gudratyň syrlaryny paýlaşmak boýunça öz wagtynda degerli maslahatlaryny bermegini haýyş edipdiler.

Singapuryň JIÖ-si jan başyna paýlananda 55 *müň* ABŞ dollaryna deňdir. Bu görkeziji boýunça ol Saud Arabystanyndan, Beýik Britaniýadan, Germaniýadan, ABŞ-dan ep-esli öňe saýlanmagy başardy.

Singapur Aziýanyň iň arassa, dünýäniň hem iň arassa şäherleriniň biri. Ýurtda gazaply jerime ulgamy hereket edýär. 60-njy ýyllarda Singapurda «zir-zibillere garşy»



*Gijeki Singapur*

berk kanun kabul edileli bäri aýnadan köçä oklanan çilim zyňyndysy üçin düzgün bozujy 15 *müň* singapur dollaryny jerime tölemeli bolýar. Köçä zyňlan kagyz bölejigi üçin 500–1000 singapur dollary möçberinde jerime salynýar. Singapurda sakgyjy köçä zyňmag-a däl, ony saklamak we çeýnemek hem gadagan. Bu pişe bilen meşgullanmak 1000 singapur dollary möçberinde jerimä eltýär. Deňeşdirmek üçin – ýoly bellenmedik ýerinden kesip geçeniň sakgyç zyňanyňdan 10 esse arzan düşýär.

Singapur dünýäde iri maliýe we söwda merkezidir. Singapur gije-gündiziň dowamynda üznüksiz hyzmat edýän bank ulgamyny döredendigi üçin bütindünýä maliýe merkezine öwrülmegi başardy. Ol walýuta biržasynyň dolanyşygy boýunça diňe Londondan, Nýu-Ýorkdan we Tokiodan yza galýar. Daşary döwletleriň maýadarlary Singapuryň ykdysadyýetine maýa goýumyny goýmaga gyzyklanýarlar. 1999-njy ýyldan başlap ABŞ-nyň maliýe ýardamy bilen hökümet informatika we biotehnologiýalar babatda ýokary hünärli hünärmenleri taýýarlamak işine üns berýär. Kompýuterleşdirmegiň we robotlary önümçilige ornaşdyrmagyň derejesi boýunça Ýaponiýadan soňra ikinji ýerde durýar. 2030-njy ýyla çenli Singapur «beýik kiçi millete» öwrülmek maksadyny goýýar.

Tebigy baýlyklara känbir baý bolmadyk Singapur daşary döwletleriň maýa goýumlaryny çekmek bilen himiýa, nebiti gaýtadan işleýän, elektron we elektrotehnika önümlerini ýygnaýjy, gämi senagatlaryny ösdürdi. Galaýy we kauçugy gaýtadan işleýän senagaty sebitde has ösendir. Ylma üns bermegi netijesinde Singapur goňşy döwletler üçin tehniki we söwda maglumatlary çeşmesine öwrüldi. Malakka ýarymadasynyň ýalpaklygynda nebitiň we tebigy gazyň gorlary tapylansoň, Singapurda dünýäniň meşhur energetika kompaniýalarynyň ştab-kwartiralary ýerleşdi. Singapur – dünýäde Hýustondan we Rotterdamdan soňra nebiti gaýtadan işlemegiň möçberi boýunça 3-nji ýerde durýar (ýylda 20 *mln* tonnadan gowrak çig nebit).

♦ **Li Kuan Ýu** Londonyň ykdysadyýet mekdebinde we Kembrij uniwersitetinde okap, ykdysadyýet we hukuk boýunça iki sany tapawutlanan diplomy alypdyr.

♦ **IQ test** – intellektiň koeffisiýenti (iňlis. IQ – intelligence quotient, gysgaça «aý kýu» diýlip okalýar) – adamyň akyl taýdan ösüş derejesiniň koeffisiýentini ölçemek üçin geçirilýän synag. Bu düşünje nemes alymy Wilgelm Ştern tarapyndan 1912-nji ýylda girizildi. IQ ilkinji gezek 1916-njy ýylda Stenford-Bineniň intellekt şkalasynda ulanyldy.

♦ Kazyýet we kanunçylyk ulgamynyň kämilligine laýyklykda Singapur dünýäde iň howpsuz we kanuna gulak asyjy döwletleriň biridir. Ýurtda jenaýatçylygyň derejesi örän pesdir.

♦ Li Kuan Ýu Margaret Tetçerde uly haýran galmany döredipdir. **Tetçer: «Birwagtlar Singapur Beýik Britaniýadan öwrenipdi, indi bolsa biziň özümiz Singapurdan öwrenýäris».**

♦ **Li Kuan Ýu** korrupsiýanyň soňuna nähili çykmalydygy hakdaky sowala şeýle jogap beripdir: **«Özüňiziň üç sany dostuňyzy tussag etmekden başlaň. Ýöne munuň näme üçin edilendigini ilki siziň özüňiz, soňra hem olaryň özi anyk bilmelidirler».**

♦ **Li Kuan Ýu:** «Gynansak-da, tebigy baýlyklaryň köp bolmagy biriniň eklenjinde bolmak duýgusyny döredýär. Şeýle ýagdaýda adamlar: «Bu biziň ýerimiz. Onda bar bolan baýlyklardan almak isleýäňizmi? Onda muzduny töläň» diýýärler. Wagtyň geçmegi bilen şeýle medeniýet milleti onuň işewürlik ruhundan mahrum edýär, bu bolsa düýpli meseledir».

**Resminamalar we goşmaça maglumatlar:**

**Singapur. Ýollaryň çatrygyndaky ýurt.**
***Ýurduň ilkinji baştutany Li Kuan Ýunuň Singapuryň geljegi hakda oýlanmalaryndan***

...Men bir zada ynanýaryn: eger-de Singapur iň soňunda iki partiýaly ulgama geçmek islese, orta halda galarys. Biz öz öwüşginimizi ýitirip, kartada adaty bir kiçijik nokada öwrüleris...

...Birwagtlar çola harabalyklarda mydar edip, häzir howpsuz, amatly belent gatly jaýlarda ýaşaýan gartaşan singapurlylar milletiň öňünde duran möhüm wezipelere has gowy düşünýärler. Çünki olar şu günki üstünliklerimizi gazanmagyň bize ýeňil düşmändigini öz gözleri bilen gördüler.

Gülläp ösýän Singapurda doglan ýaş nesil bolsa hemme ýola goýlan amatlyklary, durnuklylygy we abadançylygy görüp durkalar-da: «Hany, gudrat?» diýip soraýarlar...

...Biz ýurda immigrantlary we daşary ýurtly işçileri çekmesek, döwletimiz pese gaçar...

...Biz saýlawçylara aýdýarys: «Biz öz hünärmenlerimiziň ýokary hiline bil baglaýarys. Biz häkimligiň hatyrasyna häkimiýetde saklanmaýarys»...

...Bu dogry, dünýäde hiç bir ýurt öz ministrlerine biziňki ýaly sahylyk bilen aýlyk töleýän däldir. Biziň bolçulyk derejämiz, köçelerdäki arassaçylygymyz, korrupsiýanyň ýoklugy, howpsuzlyk we jenaýatçylygyň azlygy babatda-da Singapur bilen deňleşip biljek ýurt az bolsa gerek. Biziň ýurdumyzda siz gije köçelerde emin-arkaýyn gezip bilersiňiz. Sizi hiç kim talamaz. Hatda aýallar hem özüni doly howpsuzlykda duýar. Polisiýa işgärleri para almaz, gaýtam ony hödürläniň özüni berk jeza sezewar eder. Bu abadançylygyň hiç biri-de öz-özünden bolmady...

...Eger-de men Singapury häzir dolandyran bolsam, onda her bir täze doglan çaga üçin iki ýylyň dowamynda ortaça singapur aýlyk hakyny kömek puly hökmünde bellärdim. Munuň özi çagany mekdep ýaşyna çenli ösdürmek üçin ýeterlik...

...Biz eýýäm öz talantlarymyzy ýitirýäris. Biziň iň gowy talyplarymyz Amerika okamaga gidýärler, ol ýerde olary iri kompaniýalar hakyna tutýar, onsoň olar şol ýerde yzyna dolanman ömürlik galýarlar...

**Çeşme:** *Ли Куан Ю.* Мой взгляд на будущее мира. – 2017, С.268–305.

## § 7. Malaýziýa

***Malaýziýa Federasiýasy*** *– Günorta-Gündogar Aziýada ýerleşen döwlet. Günorta Hytaý deňzi ýurdy iki bölege bölýär. Günbatar Malaýziýa (Materik Malaýziýasy) Malakka ýarymadasynda ýerleşýär. Ol Tailand we Singapur bilen araçäkleşýär. Gündogar Malaýziýa Kalimantan adasynda ýerleşip, Labuan federal çäginden hem-de Borneo adasynyň demirgazygyndaky Sabah we Sarawak ştatlaryndan ybaratdyr. Bu ştatlar Indoneziýa we Bruneý soltanlygy bilen araçäkleşýär. Tutýan meýdany 329,7 müň inedördül km bolup, dünýäde 65-nji ýerde durýar. Ilaty 2016-njy ýylyň maglumaty boýunça 31 mln adam. Administratiw taýdan 13 ştatdan we 2 sany federal çäkden ybaratdyr.*









Ýurduň çäkleri XVI asyrdan başlap Portugaliýa, 1641-nji ýylda Niderlandlar, XVIII asyryň ahyrynda – XIX asyryň başlarynda bolsa Beýik Britaniýa tarapyndan tabyn edildi. 1941–1945-nji ýyllarda Malaýziýa Ýaponiýa tarapyndan basylyp alyndy. Ikinji Jahan urşundan soňra Malaýziýa hem kolonial sütemden halas boldy. Iňlisler ilkibada *Malaý soýuzyny* döretmegi teklip etdiler. Ol ýurtda 10 ýyl ýaşan islendik adama raýatlyk bermegi göz öňünde tutýardy. Emma syýasy häkimligiň köpçülik bolan hytaýlaryň eline geçmeginden çekinen malaýlar muny inkär etdiler. Soňra iňlisler *Malaý federasiýasyny* döretmegi



Tunku Abdul Rahman

teklip etdiler. Munda malaýlaryň artykmaçlygy göz öňünde tutulypdy. 1957-nji ýylyň 31-nji awgustynda Malaýziýa garaşsyzlygyny yglan etdi. 1963-nji ýylda Malaýýa bilen Sarawak, Demirgazyk Borneo (häzirki Sabah), Singapur birleşip, *Malaýziýa Federasiýasy* döredildi. Hytaýlylar Federasiýanyň ilatynyň 43%-ini, malaýlar 40%-ini düzýärdi. Ýurduň ilkinji premýer-ministri *Tunku Abdul Rahman* boldy.

Garaşsyzlygyny gazanandan soň ýurtda beýleki halklaryň kolonial döwürden miras galan artykmaçlyklary ýatyryldy. Tersine, malaýziýaly ýerli halkyň wekillerini döwlet işlerine köpçülikleýin çekmek başlandy. Döwlet dolandyrylyşynda malaý däl halklaryň wekilleriniň umumy sanyndan malaýlaryň dört esse köp bolmalydygy kanun esasynda berkidildi. Ýokary okuw mekdeplerine kabul edişlikde malaýlaryň çagalaryna artykmaçlyk berildi. Emma garaşsyzlygyň ilkinji onýyllygynda hytaý we hindi telekeçileriniň ykdysadyýetdäki täsiri has ýokarydy. Beýleki halklaryň hukuklarynyň çäklendirilmegi malaý däl halklaryň garşylygyna getirýär. Olar özlerine hem malaýlar bilen deňhukuklylygyň berilmegini talap edýärler. Malaýziýanyň hökümeti malaý dälleriň garşylygynyň güýçlenen döwri adatdan daşary ýagdaýy girizmäge mejbur bolýar. Iňlisleriň araçyllygynda malaýlar bilen malaý dälleriň arasynda bellibir ylalaşyga gelýärler. Ýurduň konstitusiýasyna üýtgetmeler girizilip, malaý däller baradaky çäklendirmeler aýrylýar.

Malaýziýa Beýik Britaniýanyň ýolbaşçylygyndaky Bileleşige girýär. Ýurtda konstitusion monarhiýa düzgüni dowam edýär. Ýurduň patyşasy ritual ähmiýete eýe. 13 sany ştatyň 9-sy soltanlyk bolup, şol 9 sany soltanyň arasyndan ýurduň patyşasy 5 ýyla saýlanýar. Saýlawly diýsek-de, 9 soltanyň hersi öz gezeginde saýlanylýar. Patyşa, köplenç, dürli resmi dabaralary geçirmäge gatnaşýar. Döwlet işlerine işjeň gatyşmasa-da, din meselelerine içgin gatnaşýar. 2016-njy ýylyň 13-nji dekabrynda korollyga Kelantan soltanlygyndan *Tuanku Muhammad V Faris Petra* saýlanyldy.

Malaýziýada birnäçe syýasy partiýalar bolup, parlamente geçirilýän saýlawlarda haýsy partiýa ýeňiş gazansa, Beýik Hökümdaryň tabşyrmasy boýunça, şol partiýanyň öňbaşçysy hökümet düzýär. Iş ýüzünde premýer-ministr ýurdy dolandyrýar. Esasy dolandyryş işlerini parlament hem-de premýer-ministr ýerine ýetirýär. 1981–2003-nji ýyllarda 22 ýylyň dowamynda *Birleşen Malaý milli partiýasynyň* başlygy (BMMP) *Mahathir Mohammed* (1981–2003) premýer-ministr boldy.



*Tuanku Muhammad V Faris Petra*



***Mahathir Mohammad*** *– 1925-nji ýylda doglan. Malaýziýanyň döwlet we syýasy işgäri. 1981–2003-nji ýyllarda Malaýziýanyň 4-nji premýer-ministri. 1953-nji ýylda Singapurdaky Malaýýa uniwersitetiniň lukmançylyk fakultetini tamamlady. Birleşen Malaý milli partiýasynyň öňbaşçysy. Onuň döwründe Malaýziýa yzagalak oba hojalyk döwletliginden aziýa «gaplaňlarynyň» hataryna goşuldy. Günbataryň garşysyna «aziýa gymmatlyklaryny» öňe sürdi. Goşulmazlyk hereketine ýolbaşçylyk etdi.*

Günorta-Gündogar Aziýany gurşap alan 1997-nji ýylyň ykdysady çökgünligi döwründe Mahathir Mohammad Halkara pul gaznasyndan kömek almakdan ýüz öwrüp, ykdysadyýeti içerki mümkinçilikleriniň hasabyna kynçylykdan çykardy. Ol malaý jemagatynyň mümkinçiliklerini artdyrmaga gönükdirilen syýasat ýöretdi. 1957–2005-nji ýyllarda ýurduň JIÖ-si 6,5% depginde saklandy. XXI asyryň ilkinji onýyllygynda bolsa Malaýziýanyň ortaça ösüş depgini 8% boldy. M.Mohammad Pturajaýada ýurduň häzirki zaman täze paýtagtyny gurdy, Kiberjaýda täze tehnologiki açyşlaryň merkezi bolan Silikon düzlügini döretdi. M.Mohammadyň 20 ýyldan gowrak dolandyran döwri hakykatdan-da «malaý gudratynyň» döwri boldy.

2003-nji ýyldan 2009-njy ýyla çenli onuň orunbasary bolup işlän *Abdullah bin Ahmad Badawi* premýer-ministr boldy. Ol hem BMMP-niň wekilidi. Badawi korrupsiýanyň garşysyna aýgytly göreşdi. *Siwilizlenen yslam (tehnoyslam)* syýasatyna artykmaçlyk berdi. Ol işden gidenden soň, 2009-njy ýylyň 3-nji aprelinde *Mohd Najib bin Tun Hajy Abdul Razak* premýer-ministr bolýar.



***Najib Razak*** *– Malaýziýanyň premýer-ministri, 1953-nji ýylda doglan. Ýurduň ikinji hökümet baştutany Abdul Razagyň ogly, üçünji premýer Hüsseýin Onnanyň ýegeni. Nottingem uniwersitetini tamamlaýar. 23 ýaşynda ýurduň taryhynda parlamentiň iň ýaş deputaty bolýar. Birleşen Malaý milli partiýasynyň agzasy, başlygy bolýar. Ol 2004–2008-nji ýyllarda maliýe ministri, 2008–2009-njy ýyllarda goranmak ministri wezipelerinde işleýär. 2009-njy ýylda premýer-ministr bolýar. 2013-nji ýylyň saýlawlarynda hem ýeňiş gazanyp, täze möhlete hökümet baştutany bolýar. Bütindünýä ykdysady forumynyň (Şweýsariýa) görkezijisi boýunça Razagyň hökümeti 2015-nji ýylda dünýäniň iň netijeli hökümetleriniň onlugyna girdi.*

2018-nji ýylyň saýlawlarynda ýeňip, «malaý gudratyny» dörediji, öň hem 22 ýyl hökümete baştutan bolan, 93 ýaşly Mahathir Mohammad täzeden premýer-ministr boldy.

Malaýziýa çalt ösýän senagatly, oba hojalykly ýurt hasaplanýar. «Perspektiwa 2020» maksatnamasyna laýyklykda, Malaýziýa ýurtda ösen senagaty döretmegi maksat edinýär. Ykdysadyýetiniň esasyny senagat (JIÖ-niň 46%) we hyzmatlar pudagy (41%), oba hojalygy (13%) düzýär. Nebiti gaýtadan işleýän, elektronika we elektrotehnika senagatlary has ösendir. Hemra enjamlaryny öndürýär, özüniň

hususy kosmodromyny gurmaga taýýarlanýar. Malaýziýa elektron çipleri we durmuşda ulanylýan kondisionerleri öndürmekde dünýäde 1-nji ýerde durýar. «Proton» markaly milli awtoulaglary öndürýär. Malaýziýa dünýäde galaýyny we tebigy kauçugy köp öndürýän ýurtdur. Dünýäde öndürilýän kauçugyň 20%-e golaýy bu ýerde öndürilýär. Malaýziýa ASEAN-a agza ýurtlaryň arasynda Singapurdan soň ösüş depgini boýunça ikinji ýerde durýar. Iki asyryň sepgidinde ol, takmynan, 8% ýyllyk ösüş gazandy. Ol Günorta-Gündogar Aziýada Singapurdan soň 2-nji ýerde durýan iri söwda döwletidir. Ýaponiýa, Singapur, Beýik Britaniýa, Tailand, Günorta Koreýa Malaýziýanyň ykdysadyýetine esasy maýa goýumyny goýujy döwletler hasaplanýar.

Malaýziýa – nebiti we gazy gaýtadan işlemekde öňdebaryjy ýurtlaryň biri. Ol gysylan gazy öndürmekde dünýäde 3-nji ýeri eýeleýär. Malaýziýanyň nebiti az kükürtli bolup, ol hili boýunça iň oňat hasaplanýar. Gazylyp alynýan nebitiniň ýarysyny eksport edýär. Ýurduň 1 gije-gündiziň dowamynda 500 *müň* barrel nebiti gaýtadan işlemäge ukyply nebiti gaýtadan işleýän toplumlary bar. Malaýziýanyň 2,44 *trln* kubmetr tebigy gaz gorlary bar.

«Petronas» nebiti gaýtadan işlemekde dünýä belli kompaniýa hasaplanýar. Dünýäniň meşhur nebit kompaniýalary onuň ýakyn hyzmatdaşlarydyr. «Petronas» dünýäde iri korporasiýalaryň biri bolan «Fortune Global 500» korporasiýasynyň düzümine girýär. Ol 2014-nji ýylda iri kompaniýalaryň arasynda ululygy boýunça 75-nji orny eýeledi. Dünýäde we Aziýada iň girdejili kompaniýalaryň arasynda 12-nji ýerde durýar. Döredilenden bäri «Petronas»-yň 55 döwletde integrirlenen halkara



*Kuala-Lumpurdaky «Ekizler diňi»*

nebit-gaz kompaniýasy bolup, şol döwletler bilen işjeň hyzmatdaşlyk saklaýar. «Petronas» Malaýziýa üçin iň girdeji getirýän çeşme bolup durýar. Onuň girdejisi döwlet

býujetiniň 45%-ini düzýär. Kompaniýanyň merkezi edarasy ýurduň paýtagt şäheri bolan Kuala-Lumpurdaky Petronas ekizler diňinde ýerleşýär. Bu diň Kuala-Lumpuryň buýsanjy we şöhratydyr. Petronas ekizler diňi özüniň geň galdyryjy binagärlik aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Onuň daşky görnüşi örän owadan bolup, şäheriň häzirki zaman gözelligine görk goşýar. Binanyň beýikligi 452 metrden we 88 gatdan ybarat. Beýikligi boýunça Aziýada 8-nji ýerde, dünýä boýunça bolsa 10-njy ýerde durýar.

Ozal Malaýziýanyň çäginiň 58,2%-i tokaýlar bilen gurşalandy. Palma ýagyny ýetişdirmek üçin täze meýdanlary açmak maksady bilen tokaýlyklar kem-kemden azalýar.

XXI asyrda Malaýziýa syýahatçylyga aýratyn üns berýär. 2005-nji ýylda bu pudak ýurduň ykdysadyýetiniň girdejisiniň 7%-ini berdi.



*Puttarajaýadaky metjit we hökümet binasynyň jaýy*

Malaýziýanyň ilatynyň üçden birine golaýyny hytaý-huasýao jemagaty düzýär. Olaryň döwletiň syýasy-ykdysady durmuşynda tutýan orny has görnetindir. Şonuň üçin ýurtda malaýlaşdyrmak syýasaty seresabyrak alnyp barylýar.

♦ «**Melayu**» sözi sanskrit dilindäki «Malaiur» ýa-da «Malayadvipa» sözünden gelip çykyp, **«dagly ýurt»** diýen manyny berýär. Fransuz deňiz syýahatçysy Žýul Dýumon-Dýurwil 1926-njy ýylda häzirki Malaýziýanyň çägine amala aşyran saparyndan soň bu ýurdy **Malaýziýa, Mikroneziýa** ýa-da **Melaneziýa** diýip atlandyrmagy teklip edipdir.

♦ Malaýziýanyň paýtagty **Kuala-Lumpur** 1857-nji ýylda ýerli soltan tarapyndan bu ýerdäki galaýy käninde işleýän işçileriň lagerine gözegçilik edýän hytaýly emeldar Ýap Ah Loý tarapyndan esaslandyrylyp, ol malaý dilinden terjime edilende **«hapa gyrmançaly çeşmäniň aýagujy»** diýmegi aňladypdyr. Sebäbi şol döwürde bu ýerde hapaçylyk zerarly tropiki keseller köp ýaýrapdyr.

♦ **Malaýziýada özüňi gyzyklandyrýan zadyňy barmagyňy çommaldyp görkezmek edepsizlik hasaplanýar.** Munuň üçin, eliňizdäki haýsydyr bir zady üns çekmekçi bolýan zadyňyza uzatmak ýeterlik. Çep el, çep tarap hem Malaýziýada ugursyz hasaplanýar, ýagny halanmaýar. Ony musulmanlar hem, induslar hem hapa hasaplaýarlar. Nahary sag elde iýmeklik maslahat berilýär.

## § 8. Indoneziýa



***Indoneziýa Respublikasy*** *– Günorta-Gündogar Aziýada ýerleşen döwlet. Onuň düzümine 13,6 müň (käbir maglumatlara görä 17,5 müň) ada girýär. Şolaryň 1000-e golaýynda hemişelik ilat ýaşaýar. Ýurduň esasy çägi Ýawa, Sumatra, Kalimantan, Sulawesi, Täze Gwineýa adalarynda ýerleşendir. Malakka bogazy arkaly Indoneziýa Günbatar Malaýziýadan we Singapurdan, Sulu we Sulawesi deňizleri arkaly Filippinlerden, Timor we Arafur deňizleri arkaly bolsa Awstraliýadan bölünip aýrylýar. Kalimantan adasynda ol Gündogar Malaýziýa, Täze-Gwineýa adasynda Papua-Täze Gwineýa bilen serhetleşýär. Tutýan meýdany 1919,4 inedördül km (dünýäde 14-nji ýerde). Ilaty 2018-nji ýylyň maglumaty boýunça 266 million adam (dünýäde 4-nji ýerde). Administratiw taýdan 27 welaýatdan ybaratdyr. Ilatynyň aglaba bölegini musulmanlar tutýan Indoneziýa dünýewi döwletdir.*







**Indoneziýa** prezident dolandyryşly respublikadyr. General *Hajy Muhammet Suharto* ýurt başyna gelýänçä Indoneziýada kommunistleriň täsiri uludy. Ýurt sosialistik ýurtlar bilen gowy gatnaşýardy (*seret: II bölüm, II bap,* § 1).



***Hajy Muhammet Suharto*** *(1921–2008) – Indoneziýanyň harby we döwlet işgäri. Indoneziýanyň ikinji prezidenti (1968–1998). Ýawalylaryň köpüsi ýaly, Suhartonyň hem familiýasy bolmandyr. Suharto onuň ady bolup, ol «gowy emläk, baýlyk» diýen manyny berýär. Hajy Muhammet adyny ol 1991-nji ýylda Mekgä haja baryp gelenden soň alýar. Ikinji Jahan urşy ýyllarynda we garaşsyzlygyň ilkinji tapgyrynda harby gullukda boldy. «30-njy sentýabr hereketinden» soň Sukarnony çetleşdirip, häkimiýete geldi. 1983-nji ýylyň martynda oňa «Milletiň atasy» (indon. Bapak Penbangunan) diýen hormatly titul berildi.*

Suharto bazar ykdysadyýetiniň artykmaçlyklaryny düşündirip, ýurdy şol ýol bilen ösdürjekdigini açyk jar edýär. Döwlet derejesinde öz alyp barýan syýasatyna

«*Täze düzgün*» diýip at berýär. «Täze düzgün» syýasatynyň ilkinji ýyllarynda ýurtdaky çepçi partiýalar, ilkinji nobatda, kommunistlere garşy göreşi güýçlendirdiler.

Suharto ýurdy bazar gatnaşyklary ýoly bilen ösdürdi. Daşary ýurt maýasynyň çekilmegine üns berildi. ABŞ we Ýaponiýa ýurduň nebit senagatyna maýa goýdular. Nebitden gelýän girdejiler (1985-nji ýylda 65 *mln* tonna nebit çykaryldy) ykdysadyýetiň gülläp ösmegine gönükdirildi. Ýurda daşary ýurt maýasy giňden çekilip başlanýar. Ykdysadyýetde bazar gatnaşyklarynyň ösdürilmegi tiz wagtdan oňyn netijelerini berip başlapdyr. XX asyryň 90-njy ýyllarynyň ortalaryndan başlap Indoneziýada JIÖ-niň ösüş depgini ýylda 7,5%-e barabar bolýar. Bu bolsa Indoneziýanyň durnukly ösüşini üpjün edipdir. 1995-nji ýylda ýurdy ösdürmegiň 25 ýyllyk maksatnamasy kabul edilýär. Maksatnamada 2020-nji ýyla çenli Indoneziýany Aziýada ösen döwletleriň birine öwürmek bellenýär.

Ýurduň ykdysadyýetine 1997–1998-nji ýyllardaky sebit ykdysady çökgünligi agyr täsir etdi. Onuň hut Indoneziýadan başlanandygyny ýatlamalydyrys. Ykdysady ösüş gaty haýallady. Milli puluň hümmeti 6 esse aşak gaçdy. Daşary ýurtlara bergisi 117 *mlrd* dollara ýetip, bu boýunça Indoneziýa Braziliýa we Meksikadan soň 3-nji orna geçdi. Ilatyň garyplaşmagy başlandy. Şeýle şertlerde ýurtda syýasy krizis başlandy. Suhartonyň häkimiýet başyndan aýrylmagyny talap edýänler köpeldi. Nägile halk köpçüligi gününi gowy dolaýan hytaý-huasýao jemagatyna garşy milletçilikli çykyşlara başlady. Huasýaolaryň müňlerçesi ýygnan 20 *mlrd* dollaryndan gowrak baýlygyny alyp, ýurtdan gaçdylar. Emele gelen ýagdaýy kadalaşdyryp bilmänsoň, 1998-nji ýylyň 21-nji maýynda 7 möhletde prezident bolan Suharto häkimiýetden gitmeli boldy. Häkimiýetde gysga wagtlap harbylaryň wekili *Baharuddin Ýusuf Habibi* boldy. 1999-njy ýylyň saýlawlarynda onuň ornuna asly Ýawa adasynyň gündogaryndan bolan *Abdyrahman Wahyd* geldi. Ol ýurtda demokratik özgertmelere başlady. Ýurduň birinji prezidenti Sukarnonyň gyzy *Megawati Sukarnoputri* saýlawlarda ikinji netijäni görkezdi we ýurduň wise-prezidenti wezipesine geçdi. Onuň şol wagt häkimiýetden gitmeginiň sebäbi goşunyň syýasatdaky ähmiýetini peseltmäge synanyşandygyndan ybaratdyr. 2001-nji ýylyň saýlawlarynda Sukarnoputri ýeňiş gazanyp, ýurduň baştutany boldy.



***Dia Permata Megawati Setiawati Sukarnoputri** (1947-nji ýylda doglan) – Indoneziýanyň syýasy we döwlet işgäri. Indoneziýanyň ilkinji prezidenti Sukarnonyň gyzy. Indoneziýanyň wise-prezidenti (1999–2001), prezidenti (2001–2004). Indoneziýanyň Demokratik göreş partiýasyny esaslandyryjy. 2004-nji ýylda «Forbes» žurnaly ony dünýädäki iň täsirli zenanlarynyň sanawynda 8-nji ýere goşdy.*

Onuň tagallasy netijsinde Indoneziýa Günbatar ýurtlarynyň giň goldawyny aldy. Korrupsiýa garşy göreş, 40 milliondan gowrak işsizlere täze iş ýerlerini döretmek onuň syýasatynyň esasy ugruny düzdi. Sebitleriň awtonomiýasy giňeldildi. Ýerli sosial we infrastruktura meselelerini çözmekde olar doly özbaşdaklygyny aldylar. Bu



*Susilo Bambang Ýudhoýono*

çäre Indoneziýa ykdysady ösüş getirdi. 2001-nji ýylda JIÖ-niň artyşy 4,8%-e ýetirildi. 2001-nji ýylda uzaga çeken göreşden soň Indoneziýa Gündogar Timoryň garaşsyzlygyny ykrar etdi.

2004-nji ýylda halk taryhda ilkinji gezek ýurduň prezidentini göni saýlawlar arkaly saýlamak hukugyny aldy. Şeýle usulda geçirilen saýlawlarda Demokratik partiýadan bolan dynç alyşdaky general *Susilo Bambang Ýudhoýono* prezidentlige geçdi. 2009-njy ýylda ol ikinji möhlete saýlandy. Ol Demokratik partiýanyň lideridir.

Ýudhoýono saýlaw kampaniýasynyň öňüsyrasynda neşir edilen «Dünýäni görüş» atly kitabynda Indoneziýanyň geljekki ösüşinde dört sany esasy sütünde – gülläp ösüşde, parahatçylykda, adalatlylykda we demokratiýada görýändigini beýan etdi. Ol ýyllyk 7% ösüşi üpjün etmek bilen, ýurduny gülletjekdigini, kiçi we orta telekeçiligi goldajakdygyny halkyna wada berdi. Ol karz ulgamyny ýeňilleşdirmäge, zähmet kanunçylygyny kämilleşdirmäge, korrupsiýa garşy göreşmäge söz berdi. Prezidentliginiň birinji möhletinde bilim we saglygy goraýyş ulgamlaryny goldamaga üns berdi. Ýudhoýononyň başlangyjy bilen 2007-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda global maýlamagyň meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin dünýäniň tropiki tokaýlarynyň 80%-ini özünde jemleýän 8 döwletiň gatnaşmagynda (Braziliýa, Gabon, Kongo Demokratik Respublikasy, Indoneziýa, Kamerun, Kosta-Rika, Malaýziýa we Papua-Täze Gwineýa) sammit geçirildi.



*Joko Widoda*

2014-nji ýylyň 20-nji oktýabryndan başlap Indoneziýanyň 7-nji prezidenti *Joko Widoda* hasaplanýar.

XX asyryň ahyrlarynda ýurt ykdysady taýdan pese düşüp başlady. Pese düşmeklikden XXI asyryň başlarynda çykmak basartdy. Ýurt ýene-de durnukly ösmäge başlady. 2004-nji ýylyň 26-njy dekabrynda güýji 9,3 balla deň bolan we sunami bilen utgaşan güýçli ýertitremesi Indoneziýa uly ykdysady zyýan berdi. 300 *müňden* gowrak adam ýogaldy ýa-da wepat boldy, 1 *mln* gowrak adam öýsüz galdy.

Indoneziýa Aziýa «gaplaňlaryna» degişli bolmasa-da, şolar ýaly, ykdysady babatda uly ösüşlere eýedir. Indoneziýa tebigy kauçugy we palma ýagyny öndürmekde dünýäde ikinji ýerde durýar. Ol kofäni, temmäkini hem köp öndürýär. JIÖ-niň 2007–2008-nji ýyllarda 6%, 2009-njy ýylda 4,4% ösüşi dünýä ykdysady çökgünliginiň köp ilatly Indoneziýa känbir täsir etmändigini görkezýär. 2010-njy ýylda ýurduň JIÖ-si 1,03 *trln* dollara deň bolup, bu boýunça dünýäde 16-njy ýerde durýar. Tebigy baýlyklary köp bolan bu ýurda Hytaý we Ýaponiýa iri maýa goýumlary goýýar.

17500 sany adada ýerleşýän Indoneziýa üçin olaryň arasyndaky arabaglanyşygy – infrastruktura desgalaryny (ýollar, körpüler) gurmak uly kynçylyklary döred-

ýär. Gynansak-da, Ýawa we Sumatra adalaryny bölýän hem-de Hindi we Ýuwaş ummanlaryny birleşdirýän Zond bogazynyň üstünden köpri gurmak baradaky taslama 50 ýyl bäri amala aşman gelýär.

Indoneziýa dünýäniň meşhur syýahatçylyk merkezleriniň biri. Aýratyn-da, Bali adasy dünýä jahankeşdelerini özüne çekýär.



*Ýawa adasyndaky Borobudur Budda ybadathanasy*

♦ **«Indoneziýa»** adalgasy goşma söz bolup, ol «Hindistan» we grek dilindäki «nesos» – «ada» diýen sözleriň birleşmeginden emele gelip, **«Adalar Hindistany»** diýen manyny berýär. Ilkinji gezek bu adalga XVIII asyryň ahyrynda ulanylypdyr. Ýöne ol resminamalarda 1850-nji ýylda – britan etnografy Jorj Windzor Erl Malaý arhipelagynyň ýaşaýjylary üçin öňki «malaýuneziýalylar» adalgasyny «indoneziýalylar» diýen adalga bilen çalyşmagy teklip edensoň, ulanylyp başlandy. Soňra Erliň şägirdi Jeýms Riçardson Logan öz işlerinde «Hindi arhipelagy» adalgasynyň ýerine «Indoneziýa» sözüni ulandy, nemes etnografy we filosofy Adolf Bastian bolsa «Indoneziýa ýa-da Malaý arhipelagynyň adalary diýen monografiýasyny çap etdirdi.

♦ **Malakka bogazy** – Malaý ýarymadasy (Günbatar Malaýziýa) bilen Indoneziýanyň Sumatra adasynyň arasyndaky geçelge. Strategiki babatda ol Sues we Panama kanallary bilen deň derejede ähmiýetlidir. Sebäbi ol Hindi we Ýuwaş ummanlaryny, Hytaý, Hindistan, Indoneziýa dünýäniň iň köp ilatly üç döwletini baglanyşdyrýar. Bogazdan bir ýylda 50 *müň* gämi geçip, ol dünýäniň deňiz gämi gatnawynyň dörtden birini üpjün edýär. 2003-nji ýylda bogazdan her günde 11 *mln* barrel nebit daşalypdyr.

♦ Indoneziýanyň çäginde 367 halkyýet ýaşap, olar 700 sany dilde gürleşýärler.

♦ Indoneziýanyň 17,5 *müň* adasynyň 6 *müňüsinde* ýaşaýyş bar. 1979–1984-nji ýyllarda has köp ilatly Ýawa, Bali, Madura adalaryndan 2,5 *mln* adam çetki ilatsyz adalara göçürildi.

♦ Ýawa adasy dünýäde iň gür ilatly ada bolup, 132 *müň* inedördül çäkde 140 *mln* adam ýaşaýar. Başgaça, 1 inedördül kilometre 1060,606 adam düşýär.

♦ Ýawa adasyndaky dünýädäki iň iri budda ybadathanalarynyň biri bolan Borobudurda Buddanyň 504 sany heýkeli bar. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girýän bu toplum 75 ýylyň dowamynda gurlupdyr.

## §9. Bruneý



***Bruneý-Darussalam döwleti*** *– Günorta-Gündogar Aziýada, Kalimantan (Borneo) adasynyň demirgazyk-günbatarynda ýerleşen döwlet. Bruneý – «parahatçylygyň mesgeni» diýen manyny berýär. Ýurt biri-biri bilen serhetleşmeýän iki bölekden ybarat bolup, olaryň ikisi hem Günorta Hytaý deňzine çykýar. Malaýziýa bilen serhedi bar. Tutýan meýdany 5,8 müň inedördül km. Ilaty 2014-nji ýylyň maglumaty boýunça 418 müň adam. Ilatynyň 65%-i malaýlar, 20%-i hytaýlar, galany beýleki milletlerdir. Ýurt yslam dininiň berk kada-kanunlary bilen dolandyrylýar. Paýtagty – Bandar-Seri-Begawan şäheri.*







Bruneý soltanlygy *Awang Alak Betatar* tarapyndan 1363-nji ýylda esaslandyrylypdyr. Ol yslam dinini kabul edensoň, *Muhammet* şa adyny alýar. Günbatarda Bruneý soltanlygy bu ýere 1550-nji ýylda gelen italýan syýahatçysy *Lodowiko Wartemanyň* ýazgylaryndan soň mälim bolupdyr.

Bruneý Borneo adasynda ýerleşýär. Hut häzirki Bruneýiň çäginde 1521-nji ýylda Magellanyň ekspedisiýasynyň gämileri labyryny taşlap, ada Borneo adyny beripdirler. Borneo adasy ululygy boýunça dünýäde 3-nji ýerde durup, onuň çägi üç sany döwlet – Indoneziýa (73%), Malaýziýa (26%), Bruneý (1%) tarapyndan paýlaşylandyr. Adanyň malaý böleginde Sabah we Sarawak ştatlary ýerleşendir. Adanyň ady Indoneziýa böleginde *Kalimantan* görnüşinde tutulýar.

Bruneý 1888-nji ýyldan başlap 96 ýyllap Beýik Britaniýanyň protektoraty astynda boldy. 1959-njy ýylda Angliýa oňa öz-özüni dolandyrmak meselesinde käbir

hukuklary bermeli boldy. 1962-nji ýylda Bruneýi Malaýziýa birleşdirmäge synanyşyk edildi. Emma oňa halk gozgalaňy päsgel berdi. Gozgalaň iňlisler tarapyndan basylyp ýatyryldy. 1984-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda Bruneý garaşsyzlygyny aldy. Bruneý Britan Arkalaşygyna girýär.

Bruneý absolýut *teokratik monarhiýa* bolup, konstitusion monarhiýanyň hem käbir alamatlary duýulýar. 1959-njy ýylyň Konstitusiýasyna görä, soltanlygyň syýasy esasyny yslam, monarhiýa we milletçilik kesgitleýär. 2014-nji ýyldan başlap Bruneýde şerigatyň kanunlary güýje girdi. Döwletiň başynda soltan bolup, hökümet onuň ýakyn garyndaşlaryndan ybaratdyr. 1967-nji ýylyň 5-nji oktýabryndan başlap Bruneýiň soltany *Hassanal Bolkiah* hasaplanýar (1946-njy ýylda doglan).



*Soltan Omar Aly Seifeddin III-niň hatyrasyna gurlan metjit*

Ol ýurdy XIV asyrdan bäri dolandyrýan neberäniň 29-njy wekilidir. Bruneýiň soltany dünýäde iň baý adamlaryň sanawynda ilkinjileriň biridir. 2010-njy ýylda onuň şahsy baýlygy 20 *mlrd* ABŞ dollaryna barabardy. Onuň 1984-nji ýylda gurduran «Nurul iman» köşgi 200 *müň* inedördül metr bolup, bahasy 400 *mln* dollara barabardyr. Bu köşk dünýäde döwlet baştutanynyň iň uly rezidensiýasy hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girendir. Bruneý ilatynyň durmuş derejesi boýunça Günorta-Gündogar Aziýa sebitinde ilkinji ýerlerde durýar.

Bruneý – sebitiň iri nebit monarhiýasydyr. Gündogar Hytaý deňziniň ýalpaklygyndaky Seria we Muara ýataklarynda nebitiň we tebigy gazyň baý gorlary bar. Bruneý ýylda 10 *mln* tonna nebiti we 12 *mlrd* kubmetr gazy gaýtadan işleýär. Olardan gelýän girdeji JIÖ-niň 60%-ini, walýuta girdejisiniň bolsa 90%-ini düzýär. Bruneý gysylan gazy öndürmekde dünýäde 4-nji ýerde durýar. Bruneýiň nebitiniň ýarpysyny, gysylan gazynyň bolsa hemmesini Ýaponiýa satyn alýar.

Bruneýde sellýuloza-kagyz senagaty ösendir. Ýurtda mineral dökünler, gurluşyk materiallary öndürilýär, agaç taýýarlanylýar. Oba hojalygyna-da üns berilýär.

Nebitden gelýän girdejileriň hasabyna ýurduň ilaty girdejä salynýan salgytdan boşadylandyr. Nebitden we gazdan gelýän girdejiler ýurduň ösüşine gönükdirildi. Ilata ýaşaýyş jaýy üçin ýeňillikli karzlar berildi. Mugt bilim we saglygy goraýyş ulgamy döredildi. Bruneý ýaşlaryna dünýäniň islendik ýurdunda öz islegine görä döwletiň hasabyna bilim almaga mümkinçilik döredilendir. Her bir bruneýli uly möçberde ömürlik pensiýa bilen üpjün edilendir. Soltanyň doglan gününde her bir raýata onuň sowgady iberilýär. Halk göterimsiz döwlet karzlaryndan peýdalanýar. Halk üçin şeýle ýeňillikleriň döredilen ýurdunda iň agyr jeza – Bruneýiň raýatlygyndan mahrum edilmekdir. Soltan ýurduň ösüşiniň diňe nebit-gaza bagly bolup galmazlygy üçin bio we nanotehnologiýalary ösdürmäge, syýahatçylyga aýratyn ähmiýet berýär. Bruneýde dünýäde iň gymmatbaha *Empire* myhmanhanasy guruldy (2,7 *mlrd* dollar). 2002-nji ýylda Bruneýde Halkara maliýe merkezi işläp başlady.

Bruneýiň walýuta gorlary 70 *mlrd* dollara barabardyr. 2009-njy ýylyň maglumatyna görä, JIÖ-niň jan başyna paýlanyşy 50 *müň* amerikan dollaryna deňdir (dünýäde 9-njy ýerde). Ilat mugt bilim we saglyk hyzmatlary bilen üpjün edilendir. Bruneý BMG-niň, ASEAN-yň, Yslam konferensiýasy guramasynyň, Goşulmazlyk hereketiniň agzasydyr.

## § 10. Filippinler



***Filippinler Respublikasy*** *– Ýuwaş ummanynyň günbatarynda ýerleşen döwlet. Onuň düzümine 7100-den gowrak ada girýär. Şolaryň irileri Luson, Mindanao, Samar, Negros, Palawan, Panaý, Mindoro, Leýte, Sebu, Masbate adalarydyr. Goňşy döwletlerden golaý ýerleşýänleri demirgazykda Taýwan, Kalimantan, Sulawesi, Molukk adalarydyr. Tutýan meýdany 300 müň inedördül km (dünýäde 72-nji ýerde). Ilaty 2016-njy ýylyň maglumaty boýunça 104 million adam (dünýäde 12-nji ýerde). Paýtagty – Manila şäheri.*






Filippinler ilki Ispaniýanyň (1565–1898) koloniýasy bolupdy. 1897-nji ýylyň 22-nji martynda oppozisiýa tarapyndan Filippin Respublikasynyň döredilýändigi jar edilipdir. 1898-nji ýylda filippinler bilen ispanlaryň ýaragly çaknyşygyna ABŞ goşulypdyr. Filippin garşylyk görkeziş hereketiniň baştutany *Emilio Aginaldonyň* razylygy bilen ýurda amerikan goşunlary düşürilipdir. Kubanyň we Filippinleriň üstünde 1898-nji ýylda ispan-amerikan urşy bolupdyr. ABŞ uruşda ýeňiş gazanyp, Filippinleri Ispaniýadan alýar. Dekabrda baglaşylan amerikan-ispan şertnamasyna laýyklykda Filippinler ABŞ-a satylypdyr.

1898-nji ýylyň 21-nji dekabrynda ABŞ Filippinleri öz çägi diýip yglan edipdir. Ýurt 1898–1946-njy ýyllarda ABŞ-nyň baknasy boldy. Ikinji Jahan urşy döwri Filippinleri Ýaponiýa basyp alýar. Ýaponlar ýurtdan çykarylandan soň ýene amerikan kolonial dolandyryşy gaýdyp gelipdir. Emma ABŞ bu gezek uzak saklanman, Filippinlere özbaşdaklyk bermegiň meselelerini tiz wagtda taýýarlapdyr. Filippinler 1946-njy ýylyň 4-nji iýulynda resmi taýdan garaşsyzlygyny alýar. Filippinler özbaşdak prezident respublikasy diýlip jar edilýär.

Garaşsyz ösüşiň birinji tapgyryndaky (1946–1965) hökümetler demokratik hereketleri basyp ýatyrmaga gönükdirilen syýasaty ýöretdiler. Bu döwürde Filippinler ABŞ-nyň täsirinde bolýar. 1954-nji ýylda Filippinler SENTO harby bileleşigine girýär. 60-njy ýyllara çenli Filippinler sebitde ykdysady ösüşi boýunça Ýaponiýadan soň 2-nji ýerde bolsa-da, soňabaka beýleki goňşulary ony ozup geçmegi başardylar. 80-nji ýyllarda ýurdy senagatlaşdyrmaga tarap ugur alyndy. Filippinleriň ykdysadyýeti diňe 90-njy ýyllardaky liberal özgertmeler netijesinde janlanyp başlady. Ýyllyk ösüş 5%-e ýetdi.

1965–1986-njy ýyllarda prezident bolan *Ferdinand Markosyň* döwründe awtoritar, berk düzgün-nyzamly düzgün girizilýär. Halk hereketleri rehimsizlik bilen basylyp ýatyrylýar. F. Markos «*Tüwi, mekdepler, ýollar*» diýen şygary öňe sürdi. Ol oba ýerlerinde infrastruktura desgalaryny gurmaga gönükdirilendi. Markos daşary syýasatda ABŞ-nyň yzyna eýerip, Hindihytaýa goşunlaryny ýollady. 1967-nji ýylda ol ASEAN-a agza boldy. Özüne garşy güýçleriň aýaga galandygyny görüp, Markos 1972-nji ýylda ýurtda adatdan daşary ýagdaý girizdi. Markos öz garşydaşlaryny tussag etdirýär. Olaryň arasynda geljekki prezident Korason Akinonyň adamsy hem 7 ýyl tussaglykda bolmaly bolýar. 1986-njy ýylyň prezident saýlawlarynda Markos ýeňiş gazanyp bilmeýär. Emma saýlawlaryň netijesini öz peýdasyna üýtgedip, wezipesinde galmaga synanyşýar. Emma saýlawlarda hakyky ýeňiş gazanan Korason Akino öz tarapdarlaryny köçelere çykmaga çagyrýar. Köpçülikleýin halk hereketleri başlanýar. Halk Markosdan häkimiýetden gitmegi talap edýär. Şeýle şertlerde harbylar döwlet agdarylyşygyny geçirip, häkimiýeti wagtlaýynça öz ellerine alýarlar. F. Markos bolsa ABŞ-a ga-



*Ferdinand Markos*

çyp gidýär we Gawaý adalarynda 1989-njy ýylda aradan çykýar. F. Markos Filippinleriň özbaşdaklyk gazanandan soň iň uzak wagt – 21 ýyl dolandyran prezidentidir.

Harbylar öz ellerinde uzak wagt häkimiýeti saklamandyrlar, 1986-njy ýylyň saýlawlarynda ýeňiş gazanan *Korason Akino* prezident bolýar. Ol diňe Filippinleriň däl, eýsem tutuş Aziýanyň taryhynda ilkinji zenan prezidentdir.



***Mariiýa Korason Kohuangko-Akino*** *(1933–2009) – Filippinleriň döwlet we syýasy işgäri, 1986-1992-nji ýyllarda ýurduň prezidenti. Ol 1948–1953-nji ýyllarda ABŞ-da okap, matematika we fransuz dili mugallymy kärine eýe bolýar. Watanyna gaýdyp gelenden soň hukukçy kärini ele almak üçin ýene bir ýokary okuw jaýynda okap başlaýar. 1954-nji ýylda Benigno Akina atly syýasatça durmuşa çykýar. Onuň adamsy Benigno 1955-nji ýylda uly şäheriň häkimi, soňrak welaýat häkimi wezipesine geçýär, senator bolýar. Adamsynyň wezipe basgançaklary boýunça barha ýokary barýan döwründe Korason Akino öý hojalykçysy bolup, oňa hyzmat edýär.*

Adamsy tussaglykda mahaly Korason Akino F. Markosyň düzgünine garşy göreşe başlaýar. Tizlikde öňki öý hojalykçy Korason Akino ýurtda giňden tanalýan oppozisiýanyň liderine öwrülýär. ABŞ-nyň prezidenti Jimmi Karteriň F. Markosdan haýyş etmegi bilen tussaglykda saklanýan Korason Akinonyň adamsy bendilikden boşadylýar. Emma F. Markos ony maşgalasy bilen ýurtdan çykaryp kowýar. Şeýlelikde, Korason Akino adamsy bilen daşary ýurtda ýaşamaga mejbur bolýar. 1983-nji ýylda Korason Akinonyň adamsy ýurduna gizlin aralaşmaga synanýar, emma paýtagt şäheriň howa menzilinde ol atylyp öldürilýär. Korason Akina duýgudaşlyk bildirip, halk köpçülikleýin köçelere çykýarlar. Ýurduň taryhynda şol wagta çenli iň köpsanly halk çykyşlary başlanýar. Korason Akinonyň tarapdarlary sary matadan daňy daňynypdyrlar. Şol sebäpli şeýle çykyşlar soň dünýä taryhynda «*sary rewolýusiýa*» ýa-da «*reňkli rewolýusiýa*» adyny alypdyr. Bu çykyşlar Korason Akinony has tanymal syýasatça öwrüpdir. 1986-njy ýylyň saýlawlarynda ol birleşen oppozisiýanyň ýeke-täk wekili hökmünde saýlawa gatnaşýar we ýeňýär.

Korason Akinonyň dolandyran döwründe parlamentiň iki palatasynda hem onuň tarapdarlarynyň köpdügine, oppozisiýanyň güýçli däldigine garamazdan, 7 gezek döwlet agdarylyşygyny geçirmek ugrunda synanyşyklar bolýar. Olaryň altynjysynda Prezidentiň ýekeje ogly hem ýaralanýar, birnäçe adam wepat bolýar. Korason Akino halkyň maddy hal-ýagdaýyny gowulaşdyrmaga gönükdirlen çäreleri durmuşa geçirip, köpçüligiň söýgüsini gazanýar. Ol 1992-nji ýylyň prezident saýlawlaryna gatnaşmakdan ýüz öwürýär. 1992-nji ýylyň saýlawlarynda ol goranmak ministri bolup işleýän *Fidel Ramosy* goldaýar we şol hem ýeňiş gazanyp prezident bolýar. 1998–2001-nji ýyllarda Filippinlerde kinoaktýor *Jozef Estrada*



*Gloriýa Makapagal-Arroýo*

prezident boldy. 2001–2010-njy ýyllarda Filippinleri ikinji zenan prezident *Gloriýa Makapagal-Arroýo* dolandyrdy. Ol ýurduň 1961–1965-nji ýyllardaky prezidenti bolan Diosdado Makapagalyň gyzydyr.



*Benigno Akino*

2010-njy ýylyň prezident saýlawlarynda Korason Akinonyň ogly *Benigno Akino ((Noýnoý Akino)* ýeňiş gazanýar. Onuň ýeňiş gazanmagy hem belli bir derejede 2010-njy ýylyň prezident saýlawlaryndan bir ýyl çemesi öň ýogalan ejesiniň ähli halkyň söýgüsini gazanmagy başarandygy bilen baglanyşyklydyr. Çünki Korasan Akinonyň ýogalmagy bilen baglanyşykly ýas günleri halk köpçülikleýin çykyşlary gurap, matam tutupdy. Benigno Akino 2010–2016-njy ýyllarda prezident bolýar.

2016-njy ýylyň prezident saýlawlarynda *Rodrigo Duterte* ýeňiş gazandy.



***Rodrigo Roa Duterte** (1945-nji ýylda doglan) – Filippinleriň görnükli syýasy we döwlet işgäri. Hünäri boýunça hukukçy. 1986-njy ýyldaky wakalardan soň syýasata baş goşýar. 1988-nji ýylda Dawao şäheriniň meri (häkimi) wezipesine saýlanylýar. Käbir arakesmeler bilen bu wezipäni uzak wagtlap saklaýar. Şäheriň häkimi döwründe ol neşekeşlere we neşe söwdasyna baş goşanlara garşy berk göreşýär. 2016--njy ýylyň 30-njy iýunyndan başlap ýurduň prezidenti.*

Rodrigo Roa Duterte prezident wezipesine girişenden soň ýurtda neşe söwdasyna we neşekeşlere garşy has berk göreşýär. Ol öz prezidentligi döwründe neşekeşligi doly ýok etmegi, çilimkeşligi azaltmagy maksat edinýär.

1997-nji ýylyň Aziýa maliýe çökgünligi Filippinleriň ykdysadyýetine goňşularyna garanda agyr täsir etmedi. Bütindünýä pul gaznasynyň 10 ýylyň dowamynda ýurduň ykdysadyýetine gözegçiligi astynda berlen maslahatlar boýunça filippin ykdysadyýetinde janlanyş başlandy. 2004-nji ýylda JIÖ 6,4%, 2007-nji ýylda bolsa 7,1% ösdi. Bu görkeziji ozalky 30 ýyldakydan ýokarydyr. 1966–2007-nji ýyllarda Filippinler ortaça ýyllyk 1,45% depgin bilen ösdi. Bu Aziýa-Ýuwaş ummany sebitindäki ýurtlaryň 5,96% görkezijisinden pesdir. 2005–2016-njy ýyllarda ýurduň ykdysady ösüşi ortaça 6–7%-e barabar boldy. Nebitiň we tebigy gazyň daşyndan getirilmegi filippin ykdysadyýetiniň gowşak tarapydyr. Filippinler kokos hozuny, banany, tüwini, ananasy köp eksport edýän ýurtdur.

Filippinler Aziýa «gaplaňlarynyň» hataryna girmeýär. Ýöne ýurduň XXI asyrdaky ösüş depgini Filippinleriň bu sanawa goşuljakdygyna ynam döredýär. Bu bolsa Filippinleriň Aziýada iň çalt ösýän ýurtlaryň hataryndadygyny görkezýär. Ykdysatçylar asyryň ortasyna çenli Günorta-Gündogar Aziýada Filippinleriň öz ykdysady ösüşi boýunça 1-nji ýere geçjekdigini çaklaýarlar.

Filippinler daşary syýasatynda sebit integrasiýasyna möhüm ähmiýet berýär. Prezident Rodrigo Roa Duterteniň döwründe ABŞ bilen gatnaşyklar birneme sowaşdy.

♦ **1521-nji ýylda Filippin adalary** Magellanyň ekspedisiýasy tarapyndan açylypdyr. Magellan oňa **«San-Lasaro»**, ýagny **«Günbatar adalary»** diýen ady beripdir. Şu ýerde aradan çykan Magellan ölmezinden öň: «Eger Ýerde jennet bar bolsa, onda ol şu ýerdedir» diýipdir.

♦ 1543-nji ýylda **Filippinler ispan koroly Flipp II-niň (1527–1598) ady bilen baglanyşykly Filippinler adyny alypdyr.** 1565-nji ýylda ispan konkistadory Migel Lopes de Lagaspi 400 esgeri bilen bu ýerde San Migel atly ilkinji ispan koloniýasyny esaslandyrýar. Bu ýerde ispan tagtyna tabyn bolmazlyk ugrunda gozgalaňlar başlapdyr. 1629-njy ýylyň Saragos şertnamasy boýunça adalar Portugaliýanyň gözegçiligine geçipdir. Amerikanyň açylmagyndan soň Ispaniýa ýene Filippinlere gaýdyp gelipdir.

♦ **Harby döwürde Filippinleriň baýdagy başaşak asylýar.**

♦ Manila dünýäniň iň gür ilatly paýtagtydyr.

♦ Filippinler «dünýäniň tekst paýtagty» hasaplanýar. Ýurduň raýatlary her günde gysga tekst habarlarynyň (SMS) 450 millionyny ýollaýarlar.

♦ Eritromisin atly antibiotik filippin lukmany *Abelardo Aguilar* tarapyndan açyldy.

## § 11. Günorta-Gündogar Aziýa sebitindäki integrasiýalar we sebitiň ýurtlarynyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy

Günorta-Gündogar Aziýa sebitinde birnäçe integrasiýalar (goşulyşmalar) hereket edýär.



*ASEAN-yň nyşany we tutýan çägi*

**Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň assosiasiýasy, ýagny ASEAN** (iňlisçe – *Association of SouthEast Asian Nations*) – agzalan sebitde ýerleşen 10 sany döwletiň syýasy, ykdysady we medeni hökümetara guramasydyr. ASEAN Indoneziýanyň başlangyjy bilen 1967-nji ýylyň 8-nji awgustynda Bangkokda döredildi. Oňa Indoneziýadan başga-da, Malaýziýa, Singapur, Tailand, Filippinler, Bruneý, Wýetnam, Laos, Kamboja girýär. 4,5 *mln* inedördül km çägi tutýan bu sebitde

2004-nji ýylyň maglumaty boýunça 592 *mln* ilat ýaşaýar. Sebitiň umumy JIÖ-si 737 *mlrd* ABŞ dollaryna barabardyr.

Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň assosiasiýasynyň sebitara forumy (iňlis. *ASEAN Regional Forum* (*ARF*)) – ASEAN-yň çägindäki köptaraplaýyn sebitara syýasy dialogynyň esasy mehanizmidir. Forum 26 sany döwleti (Awstraliýa, Bangladeş, Bruneý, Wýetnam, Gündogar Timor, Hindistan, Indoneziýa, Kamboja, Kanada, Hytaý, KHDR, Laos, Malaýziýa, Mongoliýa, Mýanma, täze Zelandiýa, Pakistan, Papua-täze Gwineýa, Koreýa Respublikasy, Russiýa, Singapur, ABŞ, Tailand, Filippinler, Şri-Lanka, Ýaponiýa), şeýle hem Ýewropa Bileleşigini birleşdirýär.

Sebitiň ýurtlary 1989-njy ýylda döredilen **Aziýa-Ýuwaş umman ykdysady hyzmatdaşlygyna** (iňlis. *Asia-Pacific Economic Cooperation, APEC*) hem girýär.

**Sebitiň döwletleriniň Türkmenistan bilen gatnaşyklary.** Günorta-Gündogar Aziýa sebitiniň döwletleri Türkmenistan bilen işjeň gatnaşyklary alyp barýarlar. Indoneziýanyň we Malaýziýanyň döwlet baştutanlary Türkmenistanda resmi saparlarda boldular. Agzalan döwletler Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesini almagynda goldaw berdiler.

**Malaýziýa** Türkmenistanyň Aziýa-Ýuwaş umman sebitindäki iri hyzmatdaşlarynyň biri. Malaýziýanyň premýer-ministrleri Mahathir Mohammad 1994-nji ýylda, Abdulla Ahmad Badawi 2008-nji ýylda Türkmenistanda resmi saparda boldular.

Iki sany energetika döwleti hökmünde nebit-gaz toplumyndaky hyzmatdaşlyk bu iki döwletiň arasyndaky hyzmatdaşlygyň esasy ugruny kesgitleýär. Malaýziýanyň «Petronas» kompaniýasy 1996-njy ýyldan bäri nebit-gaz ulgamynda Türkmenistan bilen işjeň hyzmatdaşlygy alyp barýar. Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, bu kompaniýa Hazaryň türkmen ýalpaklygyny özleşdirmekde özüni iň bir ynamdar hem-de jogapkärli hyzmatdaş hökmünde görkezen ilkinji daşary ýurt kompaniýasydyr. 1996-njy ýylda «Petronas» Hazarýaka Magtymguly, Öwez we Diýarbekir deňiz ýataklaryny özünde jemleýän «Blok-1» şertnamalaýyn çäkde önümi paýlaşmak şerti bilen nebiti we gazy gözlemek, gazyp almak barada 25 ýyllyk şertnama gol çekdi.

Gyýanly şäherçesinde gurlan gazy arassalaýjy zawod iki ýurduň arasyndaky energetika hyzmatdaşlygyň aýdyň miwesidir. Bu toplum Malaýziýanyň premýer-ministri Mohd Najib bin Tun Hajy Abdul Razagyň Türkmenistana sapary mahalynda – 2011-nji ýylyň 12-nji iýulynda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda dabaraly açyldy. «Petronas» kompaniýasynyň türkmen kärdeşleri bilen bilelikde guran bu zawody Hazaryň türkmen ýalpaklygynda harytlyk tebigy gazyň 5 *milliard* kubmetrini işläp bejermäge niýetlenendir. Geljekde bu sany 10 *milliard* kubmetre çenli artdyrmak göz öňünde tutulýar. Bu ýerde tebigy gazdan başga-da, her ýylda 2,4 *million* tonna, geljekde bolsa 4 *million* tonna çenli kondensat çykarmak göz öňünde tutulýar.



*Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Malaýziýanyň premýer-ministri Abdul Razagyň Gyýanlydaky zawodyň açylyş dabarasyna gatnaşmagy*

Malaýziýa Türkmenistana senagat enjamlaryny, metal önümlerini, elektrik harytlaryny iberýär, Türkmenistandan bolsa ýangyç-energetika toplumynyň harytlary eksport edilýär. 2008-nji ýylyň 19–20-nji noýabrynda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak we girdeji üçin salgytlary tölemekden ýüz dönderilmeginiň öňüni almak hakynda hökümetara Ylalaşygyna gol çekildi. 2011-nji ýylyň 1-nji oktýabryndaky ýagdaýa görä, Türkmenistanda Malaýziýanyň maýasynyň gatnaşmagynda 13 sany kärhana hasaba alyndy.

2011-nji ýylyň 6–8-nji dekabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Malaýziýada ilkinji döwlet saparynda boldy. Malaýziýanyň patyşasy Mizan Zaýnal Abidin ibni al-Marhum Sultan Mahmud al-Muktafi Billah Şah, premýer-ministri Mohd Najib bin Tun Hajy Abdul Razzak bilen gepleşikleri geçirdi. Saparyň netijeleri boýunça Bilelikdäki türkmen–malaýziýa maglumatyna, iki döwletiň Daşary işler ministrlikleriniň arasynda 2012-nji ýylda hyzmatdaşlyk etmegiň maksatnamasyna gol çekildi. Malaýziýanyň hökümet Baştutany 2014-nji ýylyň 9–10-njy iýunynda Türkmenistanda resmi saparda boldy. Saparyň jemleri boýunça hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek hakyndaky ylalaşyklara gol çekildi. 2016-njy ýylyň 7–8-nji noýabrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Malaýziýa ikinji resmi sapary boldy.

Malaýziýa – dünýäde ylym-bilim ulgamy ösen, bu babatda işjeň hyzmatdaşlyk edýän döwletimiz. Bilim we ýokary hünärli işgärleri taýýarlamak ulgamynda hem

türkmen–malaýziýa hyzmatdaşlygynyň oňyn tejribesi toplanyldy. Häzirki döwürde ýurdumyzdan 400-e golaý ýaşlar Malaýziýada bilim alýarlar. Hususan-da, nebitgaz toplumy boýunça hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen, Petronas tehnologik uniwersitetine her ýyl Türkmenistanyň raýatlary okuwa iberilýär. 2011-nji ýylyň 8-nji dekabrynda Malaýziýa ilkinji resmi sapary mahalynda hormatly Prezidentimize bu abraýly uniwersitetiň hormatly doktory diýen belent at dakyldy. «Petronas» uniwersitetiniň professorlary ýurdumyzdaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyplary üçin sapaklary yzygiderli guraýarlar. 2011-nji ýylda «*Armada Marine Contractors Caspian Pte.Ltd*» malaý kompaniýasy Türkmenistanyň Deňiz we derýa ýollary baradaky Döwlet gullugynyň Türkmenbaşydaky hünärment mekdebine deňiz gatnawy boýunça okuw kitaplaryny we ýörite edebiýatlary sowgat berdi. Mekdebiň uçurymlary agzalan kompaniýanyň tehnologiki gämisinde malaýziýaly kärdeşleri bilen birlikde gözleg-buraw işlerine gatnaşýarlar. 2014-nji ýylda ýokary bilim babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Hökümetara ylalaşygyna gol çekildi. 2015-nji ýylyň ahyrynda Malaýziýada Türkmenistanyň Medeniýet günleri geçirildi.

2011-nji ýylyň 3–4-nji martynda **Singapurda** «Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2011» atly halkara ylmy maslahaty geçirildi.

Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda **Indoneziýanyň** «P.T.Istana karang laut» kompaniýasynyň gatnaşmagynda 2018-nji ýylda polipropilen örtügini çykarmagyň önümçiligi ýola goýuldy.

*5-nji tablisa*

**XX asyryň II ýarymyndaky Aziýa ýurtlarynyň gatnaşan harby-syýasy bileleşikleri**

| T/b | Ady | Döredilen wagty | Agza döwletler |
|---|---|---|---|
| 1 | Balkan pakty | 1952 | Gresiýa, **Türkiýe**, Ýugoslawiýa |
| 2 | SEATO (Günorta-Gündogar Aziýa şertnamasy guramasy) | 1954 | ABŞ, Beýik Britaniýa, Awstraliýa, Täze Zelandiýa, **Tailand, Filippinler**, Fransiýa |
| 3 | CENTO (Merkezi Şertnama guramasy) | 1955 | Beýik Britaniýa, **Eýran, Pakistan, Türkiýe** |
| 4 | AZPAK (Aziýa-Ýuwaş umman geňeşi) | 1966 | Awstraliýa, Täze Zelandiýa, **Tailand, Taýwan, Filippinler, Günorta Wýetnam, Günorta Koreýa, Ýaponiýa** |
| 5 | ANZÝUK (Aziýa – Ýuwaş umman harby-syýasy bileleşigi) | 1971 | Awstraliýa, Täze Zelandiýa, Beýik Britaniýa **Malaýziýa**, **Singapur** |

## Gysgaldylan sözleriň aňladýan manylary

ADL – Arap döwletleriniň ligasy.
PHEF – Palestinany halas ediş fronty.
JIÖ – jemi içerki önüm.
PMA – Palestina milli administrasiýasy.
ÝHDR – Ýemen Halk Demokratik Respublikasy.
ÝAR – Ýemen Arap Respublikasy.
BAR – Birleşen Arap Respublikasy.
ÝUNSKOM – BMG-niň Yragy ýaragsyzlandyrmak boýunça ýörite komissiýasy.
ALECSO *(Arab League Educational, Cultural and Scientific Organization)* – ADL-niň bilim, medeniýet we ylym meseleleri boýunça guramasy.
YHG – Yslam hyzmatdaşlyk guramasy.
YÖB – Yslam Ösüş Banky.
PAADHG – Pars aýlagynyň arap döwletleriniň Hyzmatdaşlyk geňeşi.
SADR – Sahara Arap Demokratik Respublikasy.
KHDR – Koreýa Halk Demokratik Respublikasy.
SPECA – BMG-niň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysadyýeti boýunça ýörite maksatnamasy.

### TÜRKMENISTANYŇ DIPLOMATIK GATNAŞYKLARY ÝOLA GOÝAN AZIÝA WE AFRIKA DÖWLETLERI

| № | Döwletler | Gatnaşygyň görnüşi | Sene |
|---|---|---|---|
| 1 | Azerbaýjan Respublikasy | Nota alyşmak | 09.06.1992 |
| 2 | Alžir Halk Demokratik Respublikasy | Teswirnama | 21.09.1994 |
| 3 | Angola Respublikasy | Teswirnama | 18.06.1997 |
| 4 | Ermenistan Respublikasy | Deklarasiýa | 09.10.1992 |
| 5 | Owganystan Yslam Respublikasy | Teswirnama | 21.02.1992 |
| 6 | Bangladeş Halk Respublikasy | Teswirnama | 28.02.1992 |
| 7 | Bahreýn döwleti | Bilelikdäki komýunike | 15.12.1995 |
| 8 | Bruneý-Darussalam | Bilelikdäki komýunike | 22.02.1999 |
| 9 | Benin Respublikasy | Teswirnama | 26.07.2018 |
| 10 | Burkina-Faso | Ylalaşyk | 12.03.2016 |
| 11 | Burundi Respublikasy | Teswirnama | 12.12.2015 |
| 12 | Wýetnam Sosialistik Respublikasy | Teswirnama | 29.07.1992 |
| 13 | Gambiýa Respublikasy | Bilelikdäki komýunike | 08.12.2012 |
| 14 | Gana Respublikasy | Bilelikdäki komýunike | 17.09.1992 |
| 15 | Ekwatorial Gwineýa Respublikasy | Bilelikdäki komýunike | 08.12.1992 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 16 | Gruziýa Respublikasy | Nota alyşmak | 16.07.1992 |
| 17 | Jibuti Respublikasy | Teswirnama | 04.07.2017 |
| 18 | Müsür Arap Respublikasy | Bilelikdäki komýunike | 03.02.1993 |
| 19 | Zambiýa Respublikasy | Teswirnama | 02.12.1993 |
| 20 | Zimbabwe Respublikasy | Bilelikdäki komýunike | 22.03.1999 |
| 21 | Ysraýyl Döwleti | Teswirnama | 08.10.1993 |
| 22 | Hindistan Respublikasy | Teswirnama | 20.04.1992 |
| 23 | Indoneziýa Respublikasy | Bilelikdäki komýunike | 10.12.1992 |
| 24 | Iordan Haşimit Patyşalygy | Teswirnama | 18.02.1993 |
| 25 | Yrak Respublikasy | Bilelikdäki komýunike | 31.07.2009 |
| 26 | Eýran Yslam Respublikasy | Ähtnama | 18.02.1992 |
| 27 | Ýemen Respublikasy | Teswirnama | 27.02.1995 |
| 28 | Gazagystan Respublikasy | Teswirnama | 05.10.1992 |
| 29 | Kamboja Patyşalygy | Teswirnama | 06.04.1995 |
| 30 | Katar döwleti | Bilelikdäki komýunike | 22.11.1996 |
| 31 | Kipr Respublikasy | Bilelikdäki komýunike | 13.11.2007 |
| 32 | Hytaý Halk Respublikasy | Bilelikdäki komýunike | 06.01.1992 |
| 33 | Koreýa Halk Demokratik Respublikasy | Bilelikdäki komýunike | 10.01.1992 |
| 34 | Koreýa Respublikasy | Teswirnama | 07.02.1992 |
| 35 | Kuweýt | Teswirnama | 13.01.1995 |
| 36 | Gyrgyz Respublikasy | Teswirnama | 05.10.1992 |
| 37 | Laos Halk Demokratik Respublikasy | Teswirnama | 04.02.1994 |
| 38 | Liwan Respublikasy | Bilelikdäki komýunike | 06.05.1993 |
| 39 | Liwiýa Sosialistik Arap Halk Žamahirýasy | Teswirnama | 08.12.1992 |
| 40 | Mawrikiý Respublikasy | Bilelikdäki komýunike | 02.07.1997 |
| 41 | Madagaskar Respublikasy | Teswirnama | 01.12.1995 |
| 42 | Malawi Respublikasy | Bilelikdäki komýunike | 20.02.1998 |
| 43 | Malaýziýa Federasiýasy | Nota alyşmak | 17.05.1992 |
| 44 | Mali Respublikasy | Nota alyşmak | 16.11.1992 |
| 45 | Maldiwler Respublikasy | Teswirnama | 25.09.1992 |
| 46 | Marokko Patyşalygy | Teswirnama | 25.09.1992 |
| 47 | Mozambik Respublikasy | Bilelikdäki komýunike | 22.11.1996 |



31. Sargyt № 3172

| | | | |
|---|---|---|---|
| 48 | Mongoliýa Halk Respublikasy | Bilelikdäki komýunike | 23.04.1992 |
| 49 | Mýanma Bileleşigi | Bilelikdäki komýunike | 26.08.1999 |
| 50 | Nepal Patyşalygy | Bilelikdäki komýunike | 17.10.2005 |
| 51 | Birleşen Arap Emirlikleri | Bilelikdäki komýunike | 10.10.1995 |
| 52 | Oman Soltanlygy | Bilelikdäki komýunike | 29.05.1992 |
| 53 | Pakistan Yslam Respublikasy | Teswirnama | 09.05.1992 |
| 54 | Palestina | Teswirnama | 17.04.1992 |
| 55 | Saud Arabystany Patyşalygy | Bilelikdäki komýunike | 22.02.1992 |
| 56 | Senegal Respublikasy | Ylalaşyk | 25.09.2014 |
| 57 | Singapur Respublikasy | Bilelikdäki komýunike | 12.09.1996 |
| 58 | Siriýa Arap Respublikasy | Ylalaşyk | 26.03.1992 |
| 59 | Sudan Respublikasy | Teswirnama | 17.08.2015 |
| 60 | Täjigistan Respublikasy | Teswirnama | 27.01.1993 |
| 61 | Günorta Sudan Respublikasy | Nota alyşmak | 17.08.2012 |
| 62 | Tailand Patyşalygy | Beýannama | 06.07.1992 |
| 63 | Togo Respublikasy | Ylalaşyk | 25.09.2014 |
| 64 | Tunis Respublikasy | Ylalaşyk | 30.11.1992 |
| 65 | Türkiýe Respublikasy | Teswirnama | 29.02.1992 |
| 66 | Uganda Respublikasy | Bilelikdäki komýunike | 05.08.1999 |
| 67 | Özbegistan Respublikasy | Nota alyşmak | 07.02.1993 |
| 68 | Filippin Respublikasy | Teswirnama | 23.07.1993 |
| 69 | Çad Respublikasy | Teswirnama | 04.10.1994 |
| 70 | Şri-Lanka Demokratik Respublikasy | Teswirnama | 18.04.1996 |
| 71 | Efiopiýa Federatiw Demokratik Respublikasy | Teswirnama | 11.11.2015 |
| 72 | Günorta Afrika Respublikasy | Nota alyşmak | 11.05.1992 |
| 73 | Ýaponiýa | Nota alyşmak | 22.04.1992 |

## ADALGALARYŇ SÖZLÜGI

**Absolýut** [latyn. *absolutus – çäklendirilmedik, hiç hili şertsiz*] – idealistik filosofiýada dünýäniň ýaradylyşynda hemişelik, gutarmaýan ilkibaşlangyç ýaradyjy ruh (absolýut ruh, absolýut ideýa, absolýut Men).

**Absolýutizm** [fran. *absolutisme* hem-de latyn. *absolutus – çäklendirilmedik, hiç hili şertsiz* diýen sözlerden] – absolýut, çäklendirilmedik monarhiýa, samoderžaw häkimiýet, ýokary häkimiýetiň çäklendirilmedik görnüşde bir adama – monarha degişli bolan dolandyryşyň görnüşi.

**Abstrakt** [latyn. *abstractus*] – umumy; kesgitli däl.

**Agrar** [latyn. *agrarius*] – 1) ýer; ýer eýeçiligine, ýerden peýdalanmaklyga degişli zatlar; 2) oba hojalyk önümçiliginiň senagatdan agdyklyk edýändigini häsiýetlendirýän ýagdaý (*agrar ýurt*); 3) agrar partiýalar.

**Agressiýa** [latyn. *aggressio*] – halkara hukugynyň nukdaýnazaryndan bir döwletiň beýlekisiniň garşysyna kanuny däl güýç ulanmagy, aýratyn-da bir döwletiň çägini basyp almak, onuň garaşsyzlygyny ýok etmek, syýasy ýa-da jemgyýetçilik gurluşyny we ş.m. ýok etmek maksady bilen ýaragly çozuş guramak.

**Alternatiw** [fran. *alternative*] – latynçadan *alter* diýlen sözden terjime edende *«ikisiniň biri»* diýen manyny aňladýär.

**Alýans** [fran. *alliance*] – şertnamalaýyn esasynda ýaranlyk, birleşme (meselem, döwletleriň birleşmesi).

**Anklaw** [fran. *enclave*] – bir döwletiň tutuşlygyna başga döwlet tarapyndan gurşalan çägi ýa-da çäginiň bir bölegi.

**Antanta** [fran. *entente – razylyk*] bazar ykdysadyýetli döwletleriň ençeme bileleşikleriniň, toparlanyşyklarynyň ady. Antanta Angliýanyň, Fransiýanyň we Russiýanyň 1904–1907-nji ýyllarda emele gelen harby-syýasy bileleşigidir. Birinji Jahan urşunyň gidişinde (1914–1918) Antanta Germaniýanyň we onuň ýaranlarynyň garşysyna göreşen ýurtlaryň umumy aňlatmasy boldy. Beýik Oktýabr sosialistik rewolýusiýasyndan soň Sowet döwletiniň garşysyna guralan ýaragly interwensiýanyň şowsuz tamamlanmagy netijesinde Antanta dargady.

**Antropologiýa** [< grek. *anthropos – adam, + logiýa – ylym*] – adamyň we onuň jynslarynyň gelip çykyşy hem-de fiziki gurluşy baradaky biologiki ylym. Antrologiýanyň esasy bölümleri: *antropogenez*, adamyň morfologiýasy (ähli adamzat üçin mahsus bolan beden gurluşynyň ösüşi baradaky ylym) we etniki antropologiýa.

**Aparteid** [afrikans (bur dilinde) *apartheid – aýratyn ýaşatmak*] – jynsy kemsitmeleriň iň ýiti görnüşi. Günorta Afrika Respublikasynda ilatyň tutuş toparynyň jynsy tapawudyna laýyklykda garaşly ýagdaýa düşürilmegi. Olar ýörite bellenen aýratyn territoriýalarda (rezerwatlarda ýa-da şäheriň aýratyn kwartallarynda) ýaşadylyp, syýasy, raýat we durmuş-ykdysady hukuklarynyň çäklendirilmegi ýa-da olardan düýbünden mahrum edilmegi.

**Assambleýa** [fran. *assembles*] – 1) Pýotr I-niň döwründäki ýygnanyşyk, bal; 2) halkara guramalarda käbir ýolbaşçy edaralaryň ady; Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy agza döwletleriň ählisiniň wekillerinden durýan BMG-niň esasy edaralarynyň biri; 3) käbir Günbatar ýurtlarda parlamentiň ýa-da onuň palatalarynyň biriniň düzüm bölegi.

**Awtonomiýa** – [grek. *autonomia*, ýagny *autos – özüm + nomos – kanun*] – döwletiň bir böleginiň öz içerki meselelerini özbaşdak çözmäge bolan hukugy, öz-özüni dolandyrmagy.

**Awtoritar** [fran. *autoritaire* latyn. *auctoritas* sözünden gelip çykyp, *häkimlik*, täsir diýen manyny berýär] – çäksiz hökümdarlyk, dolandyryşyň diktatorçylyk usullary bilen berkidilen, gürrüňsiz tabynlykda saklamak, şahsy häkimlik bilen häsiýetlenýän döwlet dolandyryşynyň görnüşi.

**Ballistiki** [ < grek. *ballo – zyňýaryn*] – ýolunyň bir bölegini ballistiki traýektoriýa, ýagny erkin gaçýan jisim hökmünde geçýän raketa.

**Bantustanlar (houmlend)** – Günorta Afrika Respublikasynda 1959-njy ýylda «Bantularyň öz-özüni dolandyrmagy hakda» kanuna laýyklykda döredilen etniki afrikan çäk-dolandyryş birlikleri. Jemi 10 sany bantustan döredilip, 4-si (Transkeý, Boputatswana, Wenda we Siskeý) geçen asyryň 70-nji ýyllarynyň ahyrynda ýüzleý garaşsyzlygyny aldylar.

**Barrel** – nebitiň halkara ölçeg birligi. 1 barrel 159 litre deňdir.

**Boýkot** [iňlis. *boycott*] – 1) aýratyn alnan adam, gurama, döwlet bilen gatnaşyklary doly ýa-da bölekleýin kesmeklikden, anyk harytlary we ş.m. satyn almakdan ybarat bolan syýasy we ykdysady göreş usuly; bu usuly 1880-nji ýylda irland kärendeçileri özleriniň ýigrenç bilen garaýan iňlis dolandyryjysy Ç.K.Boýkot babatynda ulanypdyrlar; *kärhananyň boýkoty* – zähmetkeşleriň köpçülikleýin göreşiniň görnüşi bolup, kärhananyň eýesine hakynatutma işe durmakdan ýa-da şpl kärhananyň önümini satyn almakdan ýüz öwürmeklik; 2) ilatyň döwletiň wekilçilikli edaralaryna saýlawlara gatnaşmakdan ýüz öwürmekligi.

**Buddizm** – hristian we yslam bilen birlikde dünýä dinleriniň biri. B.e.öňki VI asyrda Hindistanda döräp, esaslandyryjysy Buddanyň ady bilen atlandyrylýar. Buddizm Hytaýda, Ýaponiýada, Birmada we Gündogaryň beýleki ýurtlarynda giňden ýaýrandyr.

**Bufer** [< iňlis. *buffer < buff – urgyny ýumşatmak*] – çaknyşmany gowşadýan aralyk; *bufer döwlet* – adatça, bäsdeş, duşman döwletleriň aralygynda ýerleşen, özbaşdak däl hem-de harby we syýasy gowşak bolan döwlet.

**Buržuaziýa** [fran. *bourgeoisie*] – 1) Günbatar Ýewropa ýurtlarynda orta asyrlarda şäher ýaşaýjylary, orta gatlagyň wekilleri. Olar feodal jemgyýetiň ýokary gatlagy bolan dworýanlara we ruhanylara garşy goýlupdyr. 2) kapitalistik jemgyýetde önümçilik serişdelerine eýelik edýän agalyk ediji synp.

**De-fakto** [latyn. *de facto – iş ýüzünde*]. Ýurisprudensiýada iş ýüzünde ulanylýan, emma kanun tarapyndan kesgitlenmedik ýagdaýlara aýdylýar. Bu düşünje «de-ýure» adalgasyna garşy goýulýar.

**Defisit** [latyn. *deficit – ýetmeýär*] – 1) haýsydyr bir zadyň ýetmezçiligi, kemlik etmegi; 2) zyýan çekmek, çykdajynyň girdejiden köp bolmagy; *töleg balansynyň defisiti* – töleg balansynyň passiwi bilen bir zatdyr.

**Deflýasiýa** – [latyn. *deflare – öçürmek, hasapdan aýyrmak*] inflýasiýa wagtynda köp çykarylan pullaryň bir böleginiň dolanyşykdan aýrylmagy. Deflýasiýa döwründe puluň bahasy gymmatlaýar, aýlyk haklary we berilýän karzlar azalýar, işsizlik artýar.

**Defolt** – döwletiň içerki we daşarky bergilerini tölemäge ykdysady mümkinçiliginiň ýokdugyny resmi jar etmegi we olary tölemekden ýüz öwürmegi.

**Deklarasiýa** [latyn. *declaratio – habar bermek, jar etmek*] – 1) döwletiň, hökümetiň, guramanyň adyndan habar bermek; esasy ýörelgeleriň dabaraly jar edilmegi. Mysal üçin, 1948-nji ýylda BMG-niň adam hukuklarynyň Ählumumy jarnamasy beýan edilen resminama; 2) Käbir resminamalaryň ady (meselem, girdejiler barada deklarasiýa, gümrük deklarasiýasy).

**Demarkasiýa** [fran. *demarcation*] – iki döwletiň serhedinde wagtlaýyn bölüji zolak.

**Demografiýa** [grek. *demos – halk + ...grafpho –ýazýaryn*] – ilatyň san taýdan artyşyny, düzümini, gürlügini öwrenýän ylym.

**Demokratiýa** [grek. *demokratia < demos – halk + kratos – häkimiýet*] – halk häkimiýeti, iş ýüzünde halk häkimiýetine, raýatlaryň kanunlarda berkidilen azatlygyna we deňhukuklylygyna esaslanýan halk häkimiýetini amala aşyrylýan syýasy gurluş.

**Demonstrasiýa** [latyn. *demonstratio – görkezme, görkeziş, görkezilme*] – 1) jemgyýetçilik keýpiniň, ýagdaýynyň, talaplarynyň, raýdaşlygynyň ýa-da nägileliginiň köpçülikleýin ýörişleri, mitingleri we ş.m. guramak arkaly köpçülikleýin görkezilmegi; 2) diňleýjileri haýsydyr bir hadysa, predmet bilen görkezme usuly arkaly tanyşdyrmak usuly, köpçülikleýin görkeziliş; 3) nämedir bir zada nägileligi aňladýan hereket, onuň bilen ylalaşmazlyk, ýigrenmek; 4) nämedir bir zady, meselem agzybirligi we jebisligi ýüze çykarmak, şoňa şaýat bolmak; 5) garşydaşyňa täsir etmek maksady bilen haýsydyr bir döwlet tarapyndan howp salyjy hereketleri (meselem, döwletiň serhedinde flotuňy jemlemek) amala aşyrmak; 6) garşydaşyň ünsüni esasy urgy boljak ýerden sowmak üçin ikinji derejeli ähmiýetli ýere guryýer, deňiz we howa güýçlerini jemlemek.

**Depressiýa** [latyn. *depressio – basma, ýatyrma*] – bazar gatnaşyklary şertlerinde artyk öndüriş çökgünliginden soň gelýän we hojalygyň durgunlygy, harytlara bolan islegiň peselmegi, kärhanalaryň doly güýjünde işlemezligi, köpçülikleýin işsizlik bilen alamatlanýan ykdysady ýagdaý.

**Deputat** [latyn. *deputatus – wekil, iberilen adam, ýollanan adam*] – kanun çykaryjy ýa-da wekilçilikli gurama saýlanan adam.

**Despotiýa** – [grek. *despoteia – çäklendirilmedik häkimiýet*] – 1) samoderžaw hakimiýetiniň görnüşi, çäklendirilmedik monarhiýa bolup, häkimiýetiň eden-etdiligi, tabynlaryň bolsa hukuksyzlygy bilen alamatlanýar; 2) ýokarda agzalan häkimiýetiň ýola goýlan ýurdy.

**Dewalwasiýa** – döwletiň öz pul birliginiň altyn mukdaryny resmi ýagdaýda azaltmagy ýa-da beýleki döwletleriň walýutasyna garanyňda onuň kursuny peseltmegi.

**De-ýure** [latyn. *de iure, de jure – ýuridiki, hukuga (kanuna) görä*]. Ol hakykatda, kanun esasynda ykrar etmekligi aňladýar. Döwletleriň arasynda diplomatiki gatnaşyklaryň ýola goýulmagy olaryň birek-biregi kanuny esasda ykrar etmegini aňladýar.

**Dialog** [grek. *dialogos*] – 1) iki ýa-da birnäçe adamlaryň arasyndaky gepleşik; 2) gepleşik görnüşinde ýazylan edebi eser.

**Diktator** [latyn. *dictator*] – 1) Gadymy Rimde adatdan daşary ýagdaýlarda senat tarapyndan 6 aý möhlete bellenilen döwlet häkimiýetiniň ähli görnüşi bilen üpjün edilen ýokary wezipeli adam; 2) döwleti dolandyrmakda çäklendirilmedik häkimlikden peýdalanýan diýdimzor adam; haýsydyr bir ugurda uly täsiri bolan adam.

**Diktatorçylyk** – 1) çäklendirilmedik häkimligi bolan diktatora degişli; 2) başgalaryň gapma-garşylygyny kabul etmeýän adam.

**Diktatura** [latyn. *dictatura*] – 1) gadymy Rimde diktatoryň ygtyýarlyklary, häkimligi ýa-da dolandyryş döwri; 2) şahsyýetiň, toparlaryň, synplaryň hiç zat bilen çäklendirilmedik häkimligi; 3) proletariat diktaturasy – sosialistik rewolýusiýa netijesinde ýola goýlan proletarlaryň diktaturasy.

**Diplomat** [fran. *diplomate*] – 1) daşary işler edarasynyň daşary döwletler bilen resmi aragatnaşyklary amala aşyrmaga ygtyýarly edilen wezipeli adamy; 2) öz maksadyna adamlar bilen gatnaşyklarda örän çeýelik we başarjaň gatnaşyklary amala aşyrmak arkaly ýetmegi başarýan adam.

**Diplomatiýa** [fran. *diplomatic*] – 1) döwlet edaralarynyň daşary syýasat ugrunda alyp barýan işi; 2) daşary döwletler bilen gatnaşyklarda we gepleşiklerde ulanylýan usullar we tärler; haýsydyr bir maksada ýetmek üçin örän çeýelik bilen öňünden anyk hasaplamak, hereketlerde ikuçlylyk.

**Doktrina** [latyn. *doctrina*] – taglymat, ylmy ýa-da filosofiki taglymat, syýasy ulgam, ugrukdyryjy nazary ýa-da syýasy ýörelge.

**Dokument** – resminama.

**Dominion** [iňlis. *dominion*] – Britan imperiýasynyň düzüminde öz-özüni dolandyrýan kolonial ýurtlar (meselem, Kanada, Awstraliýa Bileleşigi); Ikinji Jahan urşundan soňra bu adalganyň ýerine «Milletler Bileleşiginiň agzasy» adalgasy ulanylyp başlandy.

**Ekologiýa** [grek. *oikos – öý, watan + ...logiýa*] – haýwanlaryň, ösümlikleriň, mikroorganizmleriň öz arasynda hem-de daşky gurşaw bilen özara gatnaşygyny öwrenýän biologiýanyň pudagy; 2) *sosial ekologiýa* – sosiologiýanyň adamzadyň daşky gurşaw bilen gatnaşygyny öwrenýän pudagy.

**Ekspansiýa** [latyn. *expansio – giňeltmek, ýaýramak*] – ykdysady usullar (meselem, kapital çykarmak), şeýle hem ykdysady däl usullar (täze territoriýalary ýaragly basyp almak, diplomatik taýdan basyş görkezmek we ş.m.) arkaly döwletiň öz täsir zolagyny artdyrmaklygy.

**Eksport** [iňlis. *export*, latyn dilindäki *exportare – daşary ýurda çykarmak* diýen sözden] – 1) satmak ýa-da peýdalanmak maksady bilen beýleki ýurtlara harytlary çykarmak; 2) kapitalyň eksporty – kapitaly daşary ýurda çykarmak (meselem, ýerli kompaniýalaryň paýnamalaryny satyn almak.

**Ekstensiw** – «giňelýän», «san taýdan artýan». Çig maly köp ulanmagyň hasabyna önümçiligi artdyrmak. Ekerançylyk meýdanlaryny giňeltmegiň hasabyna hasyllylygy artdyrmak).

**Ekstremizm** [< latyn. *extremus – aňrybaş, juda, örän*] – aňrybaş garaýyşlara we çärelere (aýratyn-da syýasatda) berlenlik, wepalylyk.

**Eksterritoriallyk** [latyn. *ex – içinden, daşgary + territorialis – territoriýada bolmaklyk*] – döwletler tarapyndan daşary ýurtlaryň diplomatik wekillerine berilýän aýratyn artykmaçlyklar (şahsyýetiň we ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligi, ýerli jenaýat we raýat kazyýetlerinde jenaýata çekmeklige degişli dällik, borçlardan we salgytlardan boşatmak).

**Elita** – jemgyýetiň ýokary gatlagynyň has görnükli wekilleri, toparlanyşygy.

**Embargo** [< ispan. *embargo – tussag etmek, gadgan etmek*] – 1) döwlet häkimiýeti tarapyndan haýsydyr bir ýurtdan altyny, harytlary, gymmatly kagyzlary getirmegi gadagan etmek; 2) döwlet häkimiýeti tarapyndan başga döwletlere degişli gämileriň öz portlaryna gelmegini gadagan etmek; şeýle hem başga döwletlere degişli gämileri, ýükleri, ýaraglary tutup saklamaklyk.

**Emigrant** [latyn. *emigrans (emigrantis) – göçürilýän*] – ol ýa-da beýleki sebäplere görä (ykdysady, syýasy, dini we beýl.) öz ýurdundan başga ýurda göçürilýän.

**Emigrasiýa** [latyn. *emigrare – göçmek, göçürilmek*] – 1) ol ýa-da beýleki sebäplere görä (ykdysady, syýasy, dini we beýl.) öz ýurdundan başga ýurda göçürmek. 2) Daşary ýurtlarda ýaşaýan emigrantlaryň jemi.

**Etatizm** [fran. *etat – döwlet*] – ykdysady, sosial, medeni, ylmy we ş.m. beýleki babatlarda döwletiň gatyşmasynyň güýçlendirilmegi.

**Fatalizm** [< latyn. *fatalis – howply; agyr; ýowuz*] – ykbalyň, ýazgydyň; kysmatyň, täleýiň; takdyryň öňüni alyp bolmaýanlygyna, gutulgysyzlygyna, öňünden kesgitlenendigine ynanmak. Fatalizm ähli dinlere we käbir idealistik akymlara mahsusdyr.

**Faşizm** – [ital. *fascismo – çogdam, topbak birleşik*] – ähli demokratik azatlyklary we öňdebaryjy jemgyýetçilik hereketini basyp ýatyrmaga gönükdirilen açyk terrorçylykly diktatura. 1919-njy ýylda ilki Italiýada, soňra Germaniýada dörän syýasy akym. Jynsparazlyk, aşa milletçilik, güýç ulanmak, öňbaşçynyň aşa ýokary göterilen şahsyýet kulty, adamkärçiligi kabul etmezlik, çäklendirilmedik häkimiýet, adamy ýigrenmek, şahsyýetiň üstünden hemmetaraplaýyn gözegçiligiň ýola goýulmagy, zorluk, ýaraglanyşygy haýdatmak faşizm üçin häsiýetli alamatlardyr.

**Federasiýa** [latyn. *foederatio – soýuz, birleşme*] – 1) kesgitli ýuridiki we syýasy özbaşdaklykdan peýdalanýan döwlet birleşmelerinden (respublikalar, ştatlar we ş.m.) ybarat bolan soýuz döwleti; federasiýa üçin häkimiýetiň merkezi edaralary bilen onuň agzalarynyň arasynda ygtyýarlyklary bölüşmeklik häsiýetlidir; 2) jemgyýetleriň ýa-da guramalaryň birleşmesi.

**Feodal** [orta.-latyn. *feodalis*] – feodalizm jemgyýetinde agalyk ediji synpyň wekili, *feodyň* (uly mülküň) eýesi, senýor.

**Fraksiýa** [fran. *fraction < latyn. fractio – bölüşdirmek, ýazyşdyrmak*] – 1) syýasy partiýanyň parlamentde, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda, jemgyýetçilik guramalarynda syýasatyny alyp barýan guramaçylykly topary; 2) syýasy partiýanyň beýleki agzalaryndan garaýyşlary boýunça tapawutlanýan syýasy platformasy, guramaçylykly merkezi bolan topary.

**Fundamentalizm** [latyn. *fundamentum – binýat*] – dini düşünjeleriň we kadalaryň tankydy taýdan seredilmegine we üýtgedilmegine garşy bolan, dini dogmalaryň üýtgedilmezligi üçin çykyş edýän dini akym.

**Genosid** [grek. *genos –urug, nesil, caedo –öldürýärin*] – bellibir halky, taýpany fiziki taýdan ýok etmäge gönükdirilen döwlet syýasaty.

**Geosyýasat** [grek. *geo – ýer*] – syýasy-geografiki ýerleşişine daýanmak arkaly senagat taýdan ösen döwletleriň global gyzyklanmalaryny hem-de daşary syýasatyny esaslandyrýan syýasy konsepsiýa. Geosyýasat döwlete giňişlikde öz beýanyny tapan geografiki organizm hökmünde seredýär. Pangerman ekspansiýasynyň ideologlary F.Ratsel, P.Çellen, K.Haushofer şol nazaryýete salgylanyp, nemes etniki özenini Ýewropada agalyk ediji millet bolmaly diýip düşündirýärdiler.

**Getto** [ital. *ghetto*] – şäheriň ýewreýleri mejbury ýerleşdirmek üçin niýetlenen bölegi. Gettolar orta asyr şäherleriniň köpüsinde bolup, XIX asyryň I ýarymynda ýok bolupdyr. Ikinji Jahan urşy ýyllarynda jynsparaz syýasaty ýöreden nasistler basyp alan ýurtlarynda ýewreýler üçin gettolary döredipdirler.

**Global** [fran. *global – ählumumy* latyn dilindäki *globus – Ýer şary* diýen sözden] – 1) tutuş Ýer togalagyna degişli zatlar; 2) hemmetaraplaýyn, dolulaýyn, ählumumy, uniwersal.

**Globallaşmak (bütewüleşme)** – häzirki zaman dünýäsiniň toplumlaýyn, ulgamlaýyn ösüş birligi. Ol ýitileşen dünýä meselelerini (ekologiýa, demografiýa, ykdysady we medeni yzagalaklygy ýeňip geçmek, ýeriň töweregindäki giňişligi özleşdirmek, umumydünýä energiýa, azyk, çig mal we beýleki çökgünlik ýagdaýyny çözmek), şeýle hem şahsyýetiň durmuşy, ykdysady we şahsy hukuklaryny hem-de azatlyklaryny çözmegiň zerurlygy bilen şertlenendir.

**Gubernator** [latyn. *gubernator – häkim; hökümdar*] – 1) rewolýusiýa çenli Russiýada guberniýalardaky iň ýokary hökümet wezipesi; 2) federatiw döwletlerde (ABŞ we beýl.) merkezi häkimiýet tarapyndan iri çäk birliklerinde ý-da koloniýalarda bellenilýän saýlawly iň ýokary dolandyryş wezipesi.

**Hartiýa** [gr. *chartion, chartes – kagyz sözünden gysgaldylan*] – 1) gadymy golýazma, şeýle hem onuň ýazylan materialy (adatça, papirus ýa-da pergament); 2) sosial toparlaryň we synplaryň syýasy talaplary aňladylan resminamalaryň käbir görnüşi (meselem, 1215-nji ýyldaky Erkinligiň beýik hartiýasynda iňlis koroly Ioann feodal baronlaryň bähbidine korol häkimiýetini çäklendirmeli bolupdyr; Halk hartiýasy – çartistleriň maksatnamalaýyn resminamasy).

**Hunta** [ispan. *junta – ýygnanyşyk, birleşmek*] – 1) Ispaniýada we Latyn Amerikasy ýurtlarynda jemgyýetçilik-syýasy guramalarynyň, birleşikleriniň ady; 2) käbir latynamerikan ýurtlarynda ýerine ýetiriji, hökümet edarasy; 3) häkimiýeti kanuny däl ýol bilen basyp alan we diýdimzor usullar bilen dolandyrýan dildüwşüjileriň toparlanyşygy.

**Ideologiýa** [grek. *idea – ideýa we logos – ylym*] – dünýägaraýyş, syýasy, hukuk, filosofiýa, ahlak, dini, estetiki garaýyşlaryň we pikirleriň ulgamy. Bu adalga XIX asyryň başynda fransuz filosofy A.Destýut de Trasi tarapyndan dolanyşyga girizilip, Napoleon tarapyndan äsgermezçilik äheňinde ulanylypdyr. Şol döwürde bu adalga ýalan aňy, ýoýlan sosial pikirlenmäni aňladypdyr. Iş ýüzünde ideologiýa gymmatlyklary, ideallary, özüňi alyp barmagyň kadalaşdyryjy talaplaryny we maksatnamasyny aňladyjy hökmünde jemgyýetde sosial umumylyklaryň wekillerini jebisleşdiriji güýç bolup durýar, jemgyýetde adamlaryň jebisleşmegine ýardam berýär, syýasy maksatnamalaryň ideýa esasyny düzýär. Ideologiýa jemgyýetdäki synplaryň, sosial toparlaryň bähbitlerini goraýar. Adamlaryň aňynda jemgyýetçilik durmuşynyň şöhlelenmesine, ilkinji nobatda bolsa, jemgyýetiň ösüşine ýardam berýär.

**Immigrant** [latyn. *immigrans (immigrantis) – göçýän*] – haýsydyr bir ýurda hemişelik ýaşamak üçin göçüp baran daşary ýurtly.

**Immigrasiýa** [latyn. *immigrare – göçmek*] – daşary ýurtlularyň hemişelik ýaşamak üçin haýsydyr bir ýurda göçmegi.

**Imperator** [latyn *dilindäki imperator – hökümdar; serkerde* diýen sözlerden] – Rim respublikasynda serkerdäniň hormatly tituly; Oktawian Awgustyň döwründen başlap bolsa döwlet baştutanynyň tituly; soňra imperator tituly käbir iri monarhiýalaryň baştutanlaryna dakylypdyr.

**Imperializm** [fran. *imperialisme,* latyn dilindäki *imperium – häkimiýet* diýen sözden] – monopolistik kapitalizm, kapitalizmiň iň ýokary basgançagy bolup, monopoliýalaryň we maliýe kapitalynyň agalygy, iri döwletler tarapyndan dünýäniň çäk taýdan paýlaşylmagy bilen alamatlanýar.

**Imperiýa** [latyn. *imperium – häkimiýet; döwlet*] – başynda imperator duran monarhiýa gurluşly döwlet; koloniýalary bolan döwletleriň agalygynyň guralyşyna hem imperiýa diýilýär (Britan, fransuz kolonial imperiýalary). Soňky wagtlarda dünýä syýasatyna täsirini ýetirýän döwletlere hem imperiýalar diýilýär.

**Impiçment** [iňlis. *impeachment*] – döwlet ýolbaşçysynyň haýsydyr bir etmişi üçin gözden düşmegi zerarly ýokary kanun çykaryjy edaranyň deputatlarynyň oňa ynam bildirmezligi.

**Import** [iňlis. *import,* latyn dilindäki *importare – getirmek*] – 1) satmak ýa-da peýdalanmak maksady bilen ýurduňa daşary ýurtdan harytlary getirmek; 2) kapitalyň importy – serhediň aňyrsyndan ýurda kapitalyň gelmegi (meselem, bu ýurda kredit we karz bermek, daşary ýurt kompaniýalary tarapyndan ýerli kärhanalaryň satyn alynmagy arkaly); 3) getirilen harytlaryň umumy jemi ýa-da gymmaty.

**Inflýasiýa** [latyn. *inflatio – çişme, ýellenme*] – hümmetsizlenmek zerarly dolanyşykdaky pullaryň sanynyň çendenaşa köpelmegi. Bu ýagdaýda dolanyşykdaky pullaryň möçberi döwletiň altyn goruna bolan gatnaşygyndan has köpelip, olaryň hümmeti pese gaçýar.

**Infrastruktura** [latyn. *infra – aşakdaky + gurluş, düzüm*] – syýasy ýa-da ykdysady ulgamyň düzüm bölekleri bolup, ol tabyn bolujy, kömekçi häsiýete eýe bolup, agzalan ulgamlaryň umumylykda kadaly işini ýola goýmaga ýardam berýär; meselem, ykdysady infrastruktura ulag we aragatnaşyk, bilim we hünär taýýarlygy, ýaşaýyş jaý we kommunal hojalygy girip, jemgyýetçilik durmuşynyň ýagdaýy şolaryň ýagdaýyna bagly bolýar.

**Institut** [latyn. *institutum – ýola goýmak, amala aşyrmak, döretmek, edara*] – 1) sosiologiýada sosial institut – bu jemgyýetçilik işiniň we sosial gatnaşyklarynyň kesgitli görnüşi bolup, jemgyýetiň ykdysady, syýasy, ahlak we beýleki taraplaryny, şeýle hem adamlaryň özüni alyp barmagynyň we ýaşaýyş durmuşynyň sosial düzgünlerini özünde jemleýär. 2) ylmy-barlag edaralarynyň we beýleki ýokary we ýörite orta okuw mekdepleriniň atlary.

**Integrasiýa** [latyn. *integratio – dikeltmek, üstüni doldurmak,* ýagny *integer – bütewi* diýen sözden gelip çykan] – 1) bir bitewi zada birleşmek; 2) iki ýa-da ondan hem köp döwletleriň milli hojalygynyň özara utgaşygy, olaryň birleşmegi, ykdysady we önümçilik hyzmatdaşlygynyň giňelmegi, bütewi hojalyk toplumynyň kemala gelmegine eltýän derejede hojalygyň dünýä ulgamyna goşulmagynyň ýokary görnüşi.

**Intellekt** [latyn. *intellectus*] – akyl, akyl-huş, paýhas, pähim; adamyň pikirleniş ukyby.

**Intellektual** – ýokary *intellekte* eýe bolan adam, intellektual zähmetiň adamy.

**Intelligensiýa** [latyn. *intelligens (intelligentis) – maglumatly, düşünjeli, bilimli, sowatly, tejribeli, paýhasly*] – akyl işi bilen meşgullanýan hem-de munuň üçin zerur bolan ýörite bilimlere eýe bolan adamlaryň sosial topary (inženerler, tehnikler, lukmanlar, mugallymlar, hukukçylar, ylym we sungat işgärleri).

**Internasional** [latyn. *inter – ara + natio (nationis) – halk*] – 1) halkara bileleşigi; Birinji Internasional – işçileriň halkara ýoldaşlygy (1864–1876), proletariatyň ilkinji köpçülikleýin halkara guramasy; Ikinji Internasional – işçi partiýalarynyň halkara birleşmesi (1889–1914); Üçünji (Kommunistik) Internasional, Komintern – kompartiýalaryň birleşmesi bolan halkara guramasy (1919–1943); 2) fransuz işçisi E.Potýe tarapyndan ýazylan proletariatyň halkara rewolýusion gimni bolup, ol XIX asyryň ahyrynda giňden ýaýrapdyr. 1917–1944-nji ýyllar aralygynda ol Sowet Soýuzynyň we beýleki kompartiýalaryň gimni boldy.

**Interwensiýa** [latyn. *interventio*] – bir ýa-da birnäçe döwletiň rewolýusion ýa-da milli azat-edijilik hereketleri basyp ýatyrmak, jemgyýetçilik tertibini ýa-da döwlet gurluşyny üýtgetmek, çägini basyp almak, öz agalygyny ýola goýmak, ykdysady taýdan tabyn etmek, ýeňillikleri almak maksady bilen başga döwletleriň içerki işleri açykdan açyk güýç bilen ýa-da gizlin görnüşde goşulmagy.

**Interwent** – interwensiýa gatnaşyjy.

**Inwestisiýa** [nemes. *Investition* < latyn. *investire – «geýdirmek; geýindirmek»*] – haýsydyr bir kärhana, işe uzak möhletleýin maýa goýmak.

**Inwestor** [iňlis. *investor* < latyn.] – goýumçy; maýa goýýan şahs, gurama ýa-da döwlet.

**Iýerarhiýa** – jemgyýetçilik gatlaklarynyň ýa-da gulluk wezipeleriniň aşakdan ýokary, biri-birine tabynlygyna görä yzygider ýerleşişi.

**Kapitalizm** – esasy önümçilik serişdeleriniň kapitalistleriň (buržuaziýa) elinde bolan jemgyýeti. Olar hakynatutma işçileriň (proletariat) zähmetini peýdalanmagyň hasabyna baýaýarlar.

**Kapitulýasiýa** [latyn. *capitulare – kesgitli punktlar boýunça şertleşmek* latyn dilindäki *capitulum – bap, madda (kanunyň)* diýen sözlerden gelip çykan] – 1) uruşýan taraplaryň biriniň ýaragly garşylygyny bes edip, ýeňijiniň goýan şertlerini kabul edip, oňa boýun egmegi; 2) göreşi dowam etdirmekden, öz garaýyşlaryňy goramakdan ýüz öwürmek, öz güýçsüzligiňi boýun almak; 3) deňhukuksyz şertnamanyň bir görnüşi bolup, ol ýerli ilata garanda daşary ýurtly raýatlara birnäçe ýeňillikleri (şahsyýetiň eldegrilmesizligi, salgyt ýeňillikleri we ş.m.) berýär.

**Kapitulýasiýa düzgüni** [«*Capitul*» diýen latyn sözünden «*bent, paragraf*» diýmegi aňladýar] – daşary ýurtlar tarapyndan Osman soltanynyň boýnuna dakylan deňhukuksyz şertnamalar bolup, ol bu döwleti ýarym koloniýa düşürmek üçin olara ýol arçapdy. Oňa laýyklykda, Osman imperiýasynda Günbatar döwletleriniň raýatlaryna aýratyn hukuk, ykdysady ýeňillikler we eldegrilmesizlikler berilýärdi.

**Kasta** [portugal. *casta – urug, nesil*] – Gündogar ýurtlarynda adamlaryň edýän işlerine, kärine görä bölünmegidir. Meselem, kasta hindi jemgyýetindäki jemgyýetçilik zähmet bölünişigini aňladýan «jat» sözi bilen manydaşdyr. Eger-de kasta sözüni jatlar manysynda ulansak, onda bu iki söz manydaşdyrlar.

**Koalision hökümet** – gatyşyk hökümet.

**Koalisiýa** [latyn. *coalitio*, ýagny *coalitus – birleşen* diýen sözden gelip çykan] – 1) umumy maksada ýetmek üçin meýletin esasda birleşmek; 2) syýasy partiýalaryň saýlawlarda we *gatyşyk hökümeti* düzmek üçin birleşmesi, ylalaşygy; 3) bilelikde hereket etmek üçin döwletleriň syýasy ýa-da harby ýaranlygy.

**Koloniýa** [latyn. *colonia – oba* diýen sözden] – 1) gadymy dünýäde bir döwletiň raýatlarynyň haýsydyr başga bir döwletde ýerleşdirilmegi; 2) daşary döwletiň (metropoliýanyň) täsirinde bolup, özbaşdaklykdan mahrum bolan ýurt ýa-da çäk; 3) haýsydyr bir milletiň başga ýurduň çäginde ýa-da başga şäherde ýaşaýan wekilleriniň jemlenen ýeri; 4) başga ýurtly gelip çykyşly adamlaryň obasy; 5) ýörite maksatly edaralar (meselem, zähmet-düzediş koloniýalary).

**Kombinat** [< latyn. *combinare – birleşdirmek, utgaşdyrmak*] – 1) dürli görnüşli, ýöne tehnologiýa taýdan özara baglanyşykly önümçilik pudaklaryny bir senagat kärhanasyna birleşdirmek. Şunlukda bir kärhananyň önümi beýlekisi üçin çig mal, ýarym fabrikat ýa-da goşmaça material bolup hyzmat edýär; 2) ýerli ownuk senagat önümçiligini ýa-da durmuş hyzmaty kärhanalaryny birleşdirmek.

**Kommuna** – latyn dilindäki «kommunis» sözünden gelip çykyp, umumy, ählumumy diýen manyny berýär.

**Kommunikasiýa** [latyn. *communicatio*] – 1) gatnaw ýoly (meselem., howa, suw komm.); 2) aragatnaşygyň görnüşi (meselem, telegraf, radio, telefon); 3) özara düşünişmek esasynda iki ýa-da köp indiwidleriň arasyndaky gatnaşyk akty; biri tarapyndan beýlekilere maglumaty geçirmek; köpçülikleýin kommunikasiýa – tehniki serişdeleriň – köpçülikleýin kommunikasiýa serişdeleriniň (metbugat, radio, kinematograf, telewideniýe) kömegi bilen san taýdan köpçülikleýin jemlenen auditoriýa maglumatlary ýetirmek.

**Kommunistler** [fran. *communisme*, latyn dilindäki *communis – umumy* diýen sözlerden] – önümçilik serişdelerine ählihalk eýeçiligi ýola goýlan synpsyz jemgyýeti – kommunizmi gurmagyň tarapdarlary.

**Kommunizm** [fran. *communisme*, latyn dilindäki *communis – umumy* diýen sözden] – 1) kapitalizm jemgyýetini çalyşýan jemgyýetçilik-ykdysady gurluşy bolup, ol önümçilik serişdelerine jemgyýetçilik eýeçiligi esaslanýar; 2) kommunistik jemgyýetçilik formasiýasynyň ikinji, ýokary fazasy, onuň birinji fazasy sosializm hasaplanýar. Kommunizm – önümçilik serişdelerine ählihalk eýeçiligi ýola goýlan synpsyz jemgyýetdir. Ol jemgyýetiň ähli gatlagynyň deňligini göz öňünde tutýar. Ylmyň we tehnikanyň ösmegi netijesinde bu jemgyýetde «her kimden – ukybyna görä, her kime – islegine görä» diýen ýörelge barha dabaralanmalydyr. Diýmek, kommunistik jemgyýetde zähmet çekmek her kimiň ilkinji islegine we zerurlygyna öwrülmelidir.

**Kompensasiýa** [latyn. *compensatio < compensare – deňlemek; deňleşdirmek; sazlamak; öwezini doldurmak*] – 1) nämedir bir zadyň öwezini doldurmak, sylaglamak; 2) zähmet hukugynda işçilere we gullukçylara kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda öndürilen zatlar üçin (ulanylmadyk zähmet rugsady, işgäre degişli guralyň ulanylylyp, hatardan çykmagy, berilmedik ýörite egin-eşik üçin) tölegiň tölenilmegi.

**Kondominium, kondominat** [latyn. *condominium < con – bilelikde + dominium – eýelik etmek, mülk*] – bilelikde eýelik etmek, agalyk etmek; halkara hukugynda – iki ýa-da ondan köp döwlet tarapyndan kesgitli çäkde döwlet häkimliginiň amala aşyrylmagy.

**Konfederasiýa** [latyn. *confoederatio*] – 1) haýsydyr bir guramalaryň birleşmesi, ýaranlygy; 2) garaşsyz (özygtyýarly) dowam etmegi saklap galýan döwletleriň käbir meselelerde öz işlerini utgaşdyrmak maksady bilen hemişelik birleşmesi.

**Konfessional** [latyn. *confessionalis*] – dini ynançly, buthana.

**Konfiskasiýa** [latyn. *confiscatio*] – 1) kazyýetiň çözgüdi ýa-da administratiw karar esasynda emlägiň, puluň we beýleki zatlaryň zorluk bilen we yzyna gaýtarylmasyz görnüşde döwletiň haýryna alynmagy; 2) neşir önümleriniň dolanyşykdan aýrylmagy.

**Konflikt** [< latyn. *conflictus – çaknyşma*] – gapma-garşy garaýyşlaryň, bähbitleriň çaknyşmasy; düýpli agzalalyk, ýiti jedel.

**Kongress** [< latyn. *congressus – duşuşyk, ýygnak*] – 1) esasan halkara häsiýetli gurultaý, meselem, Parahatçylygyň tarapdarlarynyň Bütindünýä kongersi; 2) ABŞ-nyň, Latyn Amerikasynyň köp ýurtlarynyň hem-de käbir beýleki döwletleriň kanun çykaryjy edarasy (parlamenti); 3) käbir ýurtlaryň jemgyýetçilik-syýasy guramalarynyň ady, meselem, *Hindi milli kongresi*.

**Konsern** [iňlis. *concern*] – haýsydyr bir monopolistik topara maliýe taýdan garaşlylygynyň esasynda trestleriň ýa-da kärhanalaryň birleşmesidir.

**Konserwator** [*conservatisme* diýen fransuz, *conservator* diýen latyn sözlerinden terjime edilende *goraýaryn, saklaýaryn* diýmegi aňladýar] – öňden gelýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny üýtgetmän saklamagyň tarapdarlary. Beýik Britaniýada şol at bilen täsirli syýasy partiýa bar. Ilkinji gezek konserwatizm adalgasy XVIII asyryň ahyrynda Beýik fransuz rewolýusiýasynyň aristokratlarynyň ideologiýasy hökmünde F.Şatobrian tarapyndan ulanylypdyr. Konserwatizm liberalizme we sosializme garşy gönükdirilen ideologiýadyr.

**Konsessiýa** [latyn. *concessio – rugsat bermek, eglişik etmek*] – 1) daşary döwletlere, kompaniýalaryna we hususy adamlara döwletiň tebigy baýlyklaryny gazyp almaga, kärhanalarynyň we beýleki obýektleriniň peýdalanmaga, gurluşyk işlerini alyp barmaga hukuk berilmegi; 2) şeýle şertnamanyň esasynda döredilen kärhana.

**Konsorsium** [ < latyn. *consortium – bilelikde gatnaşmak, ýoldaşlyk*] – kapitalistik monopoliýanyň bir görnüşi, birnäçe banklaryň ýa-da senagat kärhanalarynyň arasynda karzlary bilelikde bermek, uly möçberdäki maliýe ýa-da söwda amallaryny amala aşyrmak, iri senagat gurluşyklaryny alyp barmak üçin wagtlaýyn ylalaşyk.

**Konstitusiýa** [latyn. *constitutio – kanun, düzgün*] – döwletiň iň ýokary ýuridik güýje eýe bolan esasy kanuny (ýa-da has möhüm kanunlaryň jemi) bolup, onuň syýasy we ykdysady ulgamyny

berkidýär, döwlet häkimiýet, dolandyryş, kazyýet edaralarynyň işini, raýatlaryň esasy hukuklaryny, azatlyklaryny we borçlaryny berkidýär.

**Konsullyk** [latyn. *consul*] – 1) gadymy Rim-de we Fransiýada konsullaryň dolandyran döwri; 2) bir döwletiň başga bir döwletiň haýsydyr bir şäherinde konsul tarapyndan dolandyrylýan wekilhanasy.

**Kontrakt** [latyn. *contractus*] – şertleşýän taraplaryň özara borçlary esasyndaky köplenç ýazmaça görnüşindäki şertnamasy.

**Kontribusiýa** [latyn. *contributio*] – 1) uruşda ýeňlen döwletiň ýeňiji döwlete ýetiren zyýanynyň öwezini dolmak üçin töleýän tölegi (öweztölegi); 2) uruş döwri daşary ýurt goşunlarynyň basyp alan ýeriniň ilatyndan pul we natural ýygymlary zor bilen almaklygy.

**Konwensiýa** [latyn. *conventio – şertnama, ylalaşyk*] – 1) halkara gatnaşyklarynda döwletleriň arasynda haýsy-da bolsa ýörite bir meseläni düzgünleşdirýän şertnama; meselem, bakteriologik ýarag barada konwensiýa, demir ýol konwensiýasy, 2) ykdysady häsiýetli şertnama.

**Konwersiýa** [latyn. *conversio – öwürmek, üýtgetmek*] – uruş tamamlanandan soň öň harby önümleri çykaran kärhanalaryň raýat önümçiligine geçirilmegi.

**Korporasiýa** [latyn. corporatio – *birleşme, bileleşik*] – ilatyň haýsydyr bir toparynyň hünärler boýunça ýa-da gatlaklaýyn döwlet edaralarynyň gözegçiligi astynda birleşdirilmegi.

**Kooperatiw** [< latyn. *cooperatio – hyzmatdaşlyk*] – önümi bilelikde öndürmek, ony ýerlemek, harytlary ýa-da hyzmatlary satyn almak we sarp etmek, jaýlary gurmak we ulanmak maksady bilen adamlaryň birleşmegi., meselem, *oba hojalyk, kolhoz kooperatiwleri, hünärment kooperatiwi (artel), ýaşaýyş jaý kooperatiwi.*

**Korrupsiýa** [latyn. *corruptio*] – wezipeli adamyň şahsy taýdan baýamak maksady bilen, öz wezipe ygtyýarlyklaryny peýdalanmagy, wezipeli adamlaryň pula satylmagy.

**Krizis (çökgünlik)** [grek. *krisis – çözgüt, öwrülişik nokady, netije*] – 1) birden, düýpli öwrülişik, kynçylykly geçiş ýagdaýy; 2) Bazar ykdysadyýeti şertlerinde harytlaryň aşa köp öndürilip, satyn alyş ukyby pes bolan ilat tarapyndan satyn alnyp bilinmezligi; 3) *syýasy krizis* – ýurtdaky ählumumy nägilelik we tolgunyşyk. W.I.Lenin bu ýagdaýy: «Ýokarky gatlak ozalkylary ýaly dolandyryp bilmeýär, aşaky gatlak bolsa ozalkysy ýaly ýaşamak islemeýär» diýip düşündiripdi; 4) *hökümet krizisi* – syýasy partiýalaryň agzalalygy zerarly hökümetiň doly ýa-da bölekleýin iş başyndan aýrylmagy; 5) nämedir bir zadyň ýiti ýetmezçiliginiň duýulmagy.

**Kult** [< latyn. *cultus – hormatlama; sylama; hormat goýma*] – 1) islendik diniň hökmany talaplarynyň biri bolup, ol ruhanylaryň örän güýçli, jadylaýjy hereketlerinde we dine ynanýanlaryň tebigatdan daşary güýçlere täsir etmek maksatly hereketlerinde ýüze çykýar; 2) kimdir biriniň öňünde tagzym etmek, aşa hormatlamak, arşa götermek.

**Lamaçylyk** [tibet.] – buddizmdäki akymlaryň biri bolup, VII asyrda Tibetde döreýär hem-de XVI–XVIII asyrlarda Mongoliýada giňden ýaýraýar.

**Legal** [latyn. *legalis*] – kanuny, ykrar edilen, kanun tarapyndan ygtyýar berlen, rugsat edilen.

**Liberalizm** [latyn. *liberalis – erkin*] – 1) adamyň dogabitdi hem-de elinden alnyp bilinmejek hukuklarynyň we şahsy erkinliginiň mizemezligini, döwletiň adamlaryň şahsy durmuşyna goşulmagyny azaltmagy jar etmek; 2) telekeçileriň erkinligini, parlament gurluşyny we demokratiýany goldaýan XIX asyrda ýüze çykan buržuaz syýasy-ideologik akym; 3) erkin pikirlilik; 4) aşa çydamlylyk, geçirimlilik.

**Liberallaşdyrmak** – ykdysady işiň we ykdysady kategoriýalaryň (bahalar, aýlyk haky, walýuta kursy, göterim derejesi) üstünden döwletiň gözegçiliginiň ýatyrylmagy ýa-da gowşadylmagy; daşary syýasatda mukdar we beýleki çäklendirmeleriň ýatyrylmagy.

**Lokal** [latyn. *localis*] – ýerli, kesgitli ýer üçin häsiýetli, kesgitlenen çäklerden çykmaýan. Taryhy adalga hökmünde ol lokal uruşlar görnüşinde köp gabat gelýär we ýerli, kiçi uruşlar manysyny aňladýar.

**Magnat** [< orta.-latyn. *magnatus – baý, barly adam*] – 1) Ýewropanyň käbir döwletlerinde (esasan, Polşada we Ýewropada) – iri feodallar; 2) iri kapitalist, meselem, *maliýe magnaty*.

**Maksatnama** [grek. *programma – bildiriş, görkezme*] – 1) maksat edilýän işiň meýilnamasy; 2) hökümet, syýasy partiýa ýa-da jemgyýetçilik guramasy tarapyndan bellenilen esasy wezipeleriň we maksatlaryň beýany; 3) okuw maksatnamasy – okuw jaýynda okadylýan bellibir dersi okatmaklygyň mazmunynyň gysgaça yzygiderli beýan edilmegi.

**Mandat** [latyn. *mandatum*] – 1) ygtyýarlyk, tabşyryk, sargyt; 2) haýsydyr bir adamyň hukugyny we ygtyýarlyklaryny tassyklaýan resminama, meselem, deputat mandaty; imperatiw mandat; Milletler Ligasynyň (1914–1918) Birinji Jahan urşundan soňra ýeňiji döwletlere (Angliýa, Fransiýa we beýlekilere) öňki german we osman bakna eýeçiliklerini dolandyrmaga beren hukugy.

**Manifest** [latyn. *manifestus – açyk, aç-açan, açykdan-açyk*] – 1) ýokary häkimiýetiň haýsydyr bir iri syýasy waka mynasybetli halka dabaraly ýüzlenmesi; 2) jemgyýetçilik guramalarynyň, syýasy partiýalaryň, edebi toparlaryň we beýlekileriň maksatnamalaýyn häsiýetli ýüzlenmesi.

**Manifestasiýa** [latyn. *manifestatio – ýüze çykarma, görkezme; bildirme*] – haýsydyr bir talaplary goldamak, raýdaşlyk bildirmek ýa-da garşylyk görkezmek maksady bilen köpçülikleýin çykyş etmek.

**Manufaktura** [latyn. *manufactura,* ýagny *manus – el + facere – ýerine ýetirmek* diýen sözlerden] – kapitalistik önümçiligiň we kapitalistik kärhananyň görnüşi bolup, zähmetiň bölünmegini we onuň hünärmentçilik tehnikasy esasynda kooperasiýasyny aňladýar. Günbatar Ýewropada XVI–XVIII asyrlarda giňden ýaýrapdyr. Ol maşyn önümçiliginiň binýadyna badalga bolupdyr.

**Megalopolis** [< grek. *megalu – uly,* + grek. *polis – şäher*] – birnäçe şäheriň we ilatly nokatlaryň ulalyp, özara birleşmegi netijesinde emele gelen «has uly şäher», «äpet şäher».

**Memorandum** [latyn. *memorandum – ýatda saklanylmaly zat*] – 1) diplomatiki hat alşygyň predmeti bolan meseleleriň mazmunyny jikme-jik beýan edýän diplomatiki resminama, 2) söwdada – haýsydyr bir zady ýatladýan hat; hasap işinde – bergini ýatlatmak; 3) haýsydyr bir mesele boýunça habar beriş, gulluk haty; 4) polislerde (aýratyn-da deňiz) öwezine kepil geçilip bolunmajak howpuň duýdurylmagy.

**Metropoliten** [fran. *metropolitain*] – metro ýolagçylary daşamak üçin şäherlerdäki ýerasty (*tunnellerde*), ýerüsti (*estakadalardaky*) ýa-da ýörite köçelerden geçýän elektrik demir ýollary.

**Metropoliýa** [grek. *metropolis*, ýagny *meter – ene* we *polis – şäher* diýen sözlerden] – kolonial (baknadar) şäher-döwleti. Bakna mülke, ýagny koloniýa eýe bolan döwlete metropoliýa diýilýär.

**Migrasiýa** [latyn. *migratio – göçüp barmak*] – ilatyň ýurduň içinde we daşyna ondan-oňa göçmegi.

**Militarizm** [latyn. *militaris – harby*] – ýaraglanyşygy haýdatmagy, basybalyjylykly uruşlara işjeň taýýarlyk görmegi aňladýan syýasat.

**Milletler ligasy** – 1919–1946-njy ýyllarda döwam eden halkara guramasy. Ol Birinji Jahan urşundan soň döredilip, uruşlaryň, dawalaryň öňüni almak, dawalary parahatçylykly ýollar bilen çözmek meselelerine seretdi.

**Milli mesele** – döwletiň içinde milletleriň we halkyýetleriň özara gatnaşygynyň netijesinde ýüze çykýan syýasy, ykdysady, hukuk, ideologiki we beýleki meseleleriň jemidir.

**Missioner** [fran. *missionnaire* < latyn. *missio – ibermek, gowşurmak*] – başga diniň wekilleriniň arasynda olara keseki dini ynanjy ýaýratmak bilen meşgullanýan adam, başgaça ideologiki ekspansiýany ýerine ýetiriji.

**Missiýa** [latyn. *missio mittere – ýollamak*] – 1) beýleki döwlete haýsy hem bolsa bir aýratyn maksat bilen ýollanan döwletiň wekilleri, mysal üçin, harby missiýa; 2) bir döwletiň başga bir döwletdäki hemişelik diplomatik wekilhanasy; 3) jogapkärçilikli wezipe, tabşyryk.

**Mistika** [< grek. *mystika – gizlinlik, gizlin däp-dessurlar*] – 1) adatdan daşary, hudaý tarapyn zatlara ynanmak, adamyň o dünýä bilen gönüden-göni aragatnaşyk saklap bilýändigine ynanmak; haýsydyr bir syrly, düşnüksiz, düşündirip bolmajak zat.

**Miting** [iňlis. *meeting*] – syýasy hem-de gündelik durmuşyň iň wajyp meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin, haýsydyr bir talaplary goldamak, raýdaşlyk ýa-da garşylyk bildirmek maksady bilen köpçülikleýin ýygnanyşyk geçirmek.

**Mobilizasiýa** [fran. *mobilisation* < latyn. *mobilis – hereketjeň, dogumly, ot ýaly*] – 1) döwletiň ähli ýaragly güýçleriniň, raýat goranyşynyň, ykdysadyýetiň (ählumumy mobilizasiýa) ýa-da harby howp abananda ýaragly güýçleriň käbir böleginiň (meselem, käbir harby okruglaryň) harby ýagdaýa geçmegi (bölekleýin mobilizisiýa); 2) uruş döwründe harby borçly adamlaryň gulluga çagyrylmagy; 3) ilatyň ýa-da ykdysadyýetiň bellibir ugrunyň haýsam bolsa bir wezipäni çözmäge ukyply ýagdaýa getirilmegi.

**Monarh** [grek. *monarchos – monos – bir + archos – hökümdar*] – monarhiýanyň başynda duran adam (patyşa, imperator, korol, faraon, soltan, şa we ş.m.).

**Monarhiýa** [grek. *monarchia – bir häkimiýetlilik, ýalňyz hökümdarlyk*] – bir adam tarapyndan dolandyrylýan döwlet gurluşynyň görnüşi bolup, häkimlik bir adamyň – monarhyň elinde jemlenýär.

**Monokultura** [*mono – bir + medeniýet*] – 1) hojalykda ýetişdirilýän ýeke-täk bir oba hojalyk ekini; 2) ekin dolanyşygyny ulanmazdan, bir ekiniň şol bir ýer böleginde yzygiderli ekilip gelinmegi netijesinde ýeriň hatardan çykmagy, hasyllygyň azalmagy.

**Monopoliýa** [*mono...bir+grek. poleo – satýaryn*] – önümçiligiň, söwdanyň bir adama ýa adamlar toparyna, ýa-da döwlete degişli bolan aýratyn hukugy. Ykdysadyýetiň, söwdanyň ol ýa beýleki pudagynda öz agalygyny ýola goýmak üçin önümçiligi ýa-da harydyň haýsydyr bir görnüşini satmagy öz elinde jemlän birleşikleri.

**Negus** [amhar.] – XIX asyryň ahyrynda – XX asyryň başlarynda Efiopiýada imperatoryň gysgaldylan tituly; doly tituly – negus negesti (ýagny, patyşalaryň patyşasy).

**Okkupasiýa** [latyn. *occupatio*] – bir döwletiň başga bir döwletiň çägini oňa doly özygtyýarly erk etmezden ýaragly ýol bilen zorluk ulanyp, wagtlaýyn eýelemegi.

**Oppozisiýa** [latyn. *oppositio – garşy goýmak*] – 1) garşy durmak, garşysyna hereket etmek, öz garaýyşlaryňy, syýasatyňy başga syýasata, garaýyşlara garşy goýmak; 2) jemgyýetde resmi syýasata gapma-garşy syýasaty ýöredýän guramanyň, partiýanyň wekilleri; döwleti dolandyrmakdan çetde bolup, döwlet häkimiýetine dalaşgär güýçler.

**Optasiýa** [latyn. *optatio isleg; saýlap almak*] – bir döwletiň çäginden beýlekisine geçen ilata raýatlygy saýlamak babatda berilýän hukuk.

**Ortodoksal** [< grek. *orthodoxos – dine ynanýan takwa*] – haýsydyr bir ynanja, taglymata, dünýägaraýşa gyşarnyksyz, yzygiderli eýerýän.

**Pakt** [latyn. *pactum – şertnama*] – uly syýasy ähmiýete eýe bolan halkara şertnamasy.

**Parlament** [nemes. *parlament*, iňlis. *parliament*, fran. *parlament – parler, ýagny geplemek* diýen sözden] – 1) doly ýa-da bölekleýin saýlawlar esasynda düzülen ýokary kanun çykaryjy edara. Eýranda ol *Mejlis*, Türkiýede – *Türkiýäniň Beýik millet Mejlisi,* Ýaponiýada – *Kokkaý*, Hytaýda – *Halk wekilleriniň Ählihytaý ýygnagy*, Kuweýtde – *Medžlis al-Umma*, Mongoliýada – *Beýik döwlet Huraly*, Filippinlerde – *Kongres* diýlip atlandyrylýar.

**Partizan** [fran. partisan] – duşmanyň eýelän çäginde ýerli ilatyň goldawyna daýanyp meýletin otrýadlaryň düzüminde hereket edýän ýaragly göreşe gatnaşyjy.

**Passiw** [< latyn. *passivus passiw, gowşak, ejir çekýän*] – 1) hereketsiz, töwerekdäki zatlara perwaýsyz, parhsyz, gatnaşmaýan (aktiwiň (işjeň) garşylygy).

**Paşa** [türk.] – Osman imperiýasynda, Müsürde (1952-nji ýyla çenli) we käbir musulman ýurtlarynda ýokary derejeli harby we raýat emeldarlarynyň tituly.

**Patriarhal** [< grek. *patriarhal*] – 1) patriarhat döwrüne ýa-da maşgalanyň, urugyň şübhesiz häkimiýetine degişli bolan zatlar; 2) täze zatlara garşy bolan köne, möwritini geçiren adatlara, däp-dessurlara wepalylyk, konserwatiwlik.

**Plebissit** [latyn. *plebiscitum – halkyň çözgüdi*] – ählihalk ses berişligi, referendum.

**Postindustrializm** – jemgyýetiň taryhyny üç döwre: senagatlaşma çenli, senagatlaşan, senagatlaşan jemgyýetden soňky (postindustrial) döwürlere bölýän durmuş-syýasy taglymaty. Olaryň soňkusy hil taýdan täze jemgyýet bolup, onda esasy orun ylma, nazaryýet we tejribe institutlaryna degişlidir.

**Pozisiýa** [latyn. *positio*] – 1) görnüş, duruş, ýagdaý; 2) nukdaý nazar, haýsy hem bolsa bir işe, meselä bolan garaýyş.

**Pragmatizm** [< grek. *pragma – iş, hereket*] – taryhda wakalary olaryň daşky arabaglanyşygynda we yzygiderliginde, taryhy ösüşiň obýektiw kanunlaryny açyp görkezmezden beýan etmek bilen häsiýetlendirilýän ugur.

**Prezident** [latyn. *praesidens (praesidentis)* sözme-söz. *öňde oturýan*] – 1) dolandyryşyň respublikan görnüşli döwletleriň köpüsinde döwlet baştutany; 2) käbir jemgyýetleriň, edaralaryň, meselem, Ylymlar akademiýasy, saýlawly ýolbaşçysy; 3) kompaniýalarda, korporasiýalarda ýokary wezipeli adam.

**Priwatizasiýa** [latyn. *privatus – hususy*] – döwlete degişli kärhanalaryň, ulag serişdeleriniň, jaýlaryň we ş.m. hususy eýeçilige berilmegi.

**Progres** [latyn. *progressus*] – öňe tarap hereket, aşakdan ýokary, ösüşiň has ýokary basgançagyna galmak, gowulyga tarap üýtgemek; täze, öňdebaryjy zadyň ösüşi (gapma-garşylygy. *regress*).

**Progressiw** – 1) *progresse* degişli, oňa ýardam berýän zatlar, öňdebaryjy, kämilleşmäge alyp barýan; 2) ösýän, güýçlenýän, artýan.

**Proletariat** [latyn.] – kapitalistik jemgyýetde esasy synp; önümçilik serişdelerine eýeçilikden mahrum bolan hakynatutma işçiler (proletarlar), olaryň öz zähmetini kapitalistlere satmakdan başga alajy ýokdur. Proletariat sosialistik rewolýusiýanyň hereketlendiriji güýji bolup çykyş edýär.

**Proteksionizm** [fran. *protectionnisme*, latyn dilindäki *protectio* sözünden gelip çykyp, sözme-söz *gorama, goldama*] – 1) döwletiň milli ykdysadyýeti ýurda getirilýän daşary ýurt harytlaryna ýokary gümrük paçlaryny girizmek, bellibir harytlary getirmegi çäklendirmek ýa-da doly ýatyrmak, şeýle hem beýleki çäreler arkaly daşarky bäsdeşlikden goramak üçin ýöredýän ykdysady syýasaty; 2) kimdir biriniň işini ýola goýmakda oňa howandarlyk etmek, proteksiýa ulgamy.

**Protektorat** – [latyn. *protector – hemaýatkär, goragçy*] – döwletliligiň daşky alamatlarynyň saklanyp galýandygyna garamazdan, deň bolmadyk şertnamanyň esasynda bir döwletiň protektor döwlete tabyn edilmegi. Protektor döwlet «howandarlyk» edýän döwletiniň hem içeri, hem daşary syýasatyny özüne tabyn edýär.

**Protestantçylyk** [latyn. *protestans (protestantis) – garşy çykýan, ylalaşmaýan*] – hristian dininiň üç ugrunyň biri.

**Prowokasiýa** [latyn. *provocatio*] – dönüklik özüňi alyp baryş, kimdir birini oňa garşy görnetin erbet ýagdaýa iteklemek üçin küşgürijilik; öjükdirijilik; meçew berijilik.

**Radikal** [latyn. *radicalis – düýpli*] – jemgyýeti özgertmeklige bolan garaýyşlarda bellibir, aýgytly hereketleriň tarapdarlary. Olara *çepçiler* hem diýilýär.

**Ratifikasiýa** [latyn. *ratificatio, ýagny ratus – çözülen, tassyklanan + facere – etmek, amala aşyrmak*] – 1) döwletiň ygtyýarly edilen ýokary wekili tarapyndan gol çekilen halkara şertnamasyny şol döwletiň iň ýokary kanun çykaryjy edarasynyň tassyklamagy; 2) käbir ýurtlarda (meselem, ABŞ) – konstitusiýa üýtgetme girizmegiň aýratyn tertibi.

**Reaksion** [latyn. *re – garşy + actio – hereket]* – ähli öňdebaryjy, progressiw zatlara dumançylykly garamak.

**Regent** [< latyn. *regens (regentis) – dolandyryjy*] – monarhiýa döwletlerinde tagt boş duran mahaly hem-de mirasdar monarhyň bolmadyk, kämillik ýaşyna ýetmedik, kesellän wagty döwleti wagtlaýyn dolandyrmaga bellenen adam; 2) horuň, köplenç, buthana horunyň dirižýory.

**Referendum** [latyn. *referendum – habar berilmeli ýagdaý*] – döwlet durmuşynyň möhüm meselesi boýunça ählihalk ses berişligi.

**Reforma** [fran. *reforme < latyn. reformare – özgertmek, üýtgetmek*] – özgertmek, üýtgetmek, gaýtadan guramak.

**Rekonstruksiýa** [*re...* + latyn. *constructio – gurmak*] – 1) düýpli gaýtadan gurmak; täze ýörelgeler esasynda üýtgedip gurmak; 2) saklanyp galan galyndylary ýa-da beýany esasynda haýsydyr bir zady dikeltmeklik.

**Reparasiýa** [latyn. *reparatio – dikeldýärin*] – halkara hukugy boýunça ýeňijilere uruşda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin ýeňlen döwletiň üstüne ýüklenilýän halkara maddy hukuk jogapkärçiligi.

**Repatriasiýa** [*re...* + latyn. *patria – Watan*] – harby ýesirleriň, ondan öňa göçenleriň, bosgunlaryň, emigrantlaryň Watanyna yzyna dolanmagy.

**Repatriant** [latyn. *repatrians (repatriantis)*] – repatriasiýa netijesinde Watanyna dolanýan şahs.

**Repressiýa** [gadymy latyn. *repressio – basyp ýatyrmak*] – jezalandyryş çäresi, jezalandyrmak.

**Respublika** [latyn. *respublica – jemgyýetçilik işi; döwlet*] – ýokary döwlet häkimiýetiniň jemgyýet tarapyndan bellibir möhlete saýlanan adamlara degişli bolan döwleti; şeýle dolandyryşly döwlet.

**Rewolýusiýa** [fran. *revolution*] – düýpli öwrülişik, bir hil ýagdaýyndan beýlekisine böküş arkaly geçiş, tebigatyň, jemgyýetiň we pikirlenmäniň möhüm kanunalaýyklygynyň ýüze çykmasy; *sosial rewolýusiýa* – jemgyýetde ornaşan ahlak gymmatlyklaryny, syýasy we durmuş düzümlerini örän çalt (gysga taryhy döwrüň çäginde), zorluk bilen üýtgetmek. Topalaňlar, gozgalaňlar, köşk agdarylyşyklary hem rewolusiýalara ýakyndyr. Emma rewolusiýa köne düzgünleriň ählumumy ýatyrylmagyna getirýär. Rewolýusiýanyň esasy meselesi döwlet häkimiýetiniň rewolýusion synpyň wekilleriniň eline geçmegidir. Rewolýusiýa synplaryň göreşiniň ýokary formasydyr.

**Rezerwat** (lokasiýa) – afrikan ilatynyň ýaşamagy üçin niýetlenen çäk.

**Rezidensiýa** [latyn. *residens – (residentis) ýaşamak*] – hökümetiň, döwletiň baştutanynyň ýa-da ýokary administratiw wezipeleri eýeleýän adamlaryň hemişelik bolýan ýeri.

**Rezolýusiýa** [latyn. *resolutio – karar*] – kollegial edaranyň, ýygnagyň, maslahatyň we ş.m. mejlisinde haýsy hem bolsa bir meseläniň ara alnyp maslahatlaşylmagy netijesinde kabul edilen karar.

**Ritual** [< latyn. *ritualis – däp-dessur*] – 1) haýsydyr bir dini çäre geçirilende berjaý edilmeli däp-dessur çäreleriniň jemi; 2) däp-dessur tarapyndan kemala getirilen ýa-da haýsydyr bir zady amala aşyrmagyň kesgitlenen düzgüni.

**Sanksiýa** [latyn. *sanctio – kesgitli karar*] – 1) hukuk. ýokary edara tarapyndan haýsydyr bir aktyň oňa hukuk güýjüniň berilýändiginiň tassyklanmagy; 2) hukuk. hukuk kadasynyň, kanunyň maddasynyň bölegi bolup, onda şol kanunyň bozlandygy üçin emele gelýän netijeler görkezilýär; 3) sanksiýalar – halkara hukugynda halkara şertnamalaryny bozan döwletleriň garşysyna ulanylýan täsir ediş çäreleri (ykdysady, maliýe, harby); 4) tassyklamak, rugsat bermek.

**Senzura** [latyn. *censura*] – 1) Gadymy Rimde – *senzoryň* wezipesi; 2) neşir edilýän önümleriň, radio we telegepleşikleriň, teatr oýunlarynyň mazmunyna we ş.m. adatça deslapky gözden geçirmek arkaly döwlet gözegçiliginiň amala aşyrylyşy; 3) metbugata gözegçilik edýän edara.

**Separat** [latyn. *separatus*] – aýratyn, aýratynlanan; *separat şertnamasy* – uruşdaky ýaranlaryndan aýratynlykda bir döwletiň aýratyn ýaraşyk şertnamasy.

**Separatizm** [latyn. *separatus – bölünen*] – bölünmäge, özbaşdak, aýratyn bolmaga ymtylyş.

**Siwilizasiýa** [latyn. *civilis – raýat*]. Birnäçe manyda ulanylýar: maddy we ruhy medeniýet; wagşylykdan we medeniýetsizlikden soňra gelýän aýratyn taryhy döwür; häzirki döwürde önüm-

çiligiň, sosial gatnaşyklaryň, syýasy durmuşyň we medeniýetiň beýleki alamatlarynyň örän ýokary ösüş derejesi bilen tapawutlanýan dünýä ösüşiniň basgançagy.

**Soltan** [türk.] – 1) kabir musulman ýurtlarynda monarhyň tituly; 2) dabaraly çärelerde, köplenç, harby serkerdeleriň başgabyna perden ýa-da atyň ýalyndan edilen owadan jygany dakynmagy.

**Soltanlyk** – başynda soltan durýan monarhiýa gurluşly döwlet.

**Sosial** [latyn. *socialis*] – jemgyýetçilik; adamlaryň jemgyýetdäki gatnaşyklary we durmuşy bilen bagly zatlar; sosial düzüm – jemgyýetiň ýa-da başga sosial gurluşyň (sosial institutlar, toparlar, kollektiw) düzümi.

**Sosialistler** [fran. *socialisme*, latyn dilindäki *socialis – jemgyýetçilik* diýen sözlerden] – sosialistik rewolýusiýa netijesinde buržuaziýanyň agalygyny agdaryp, ýola goýulýan täze jemgyýetçilik we döwlet gurluşynyň tarapdarlary.

**Sosializm** [fran. *socialisme*, latyn dilindäki socialis – *jemgyýetçilik* diýen sözden] – sosialistik rewolýusiýa netijesinde buržuaziýanyň agalygynyň agdarylyp, ýola goýulýan jemgyýetçilik we döwlet gurluşy. Sosializm kommunizmiň birinji fazasy bolup, «her kimden ukybyna görä, her kime – zähmetine görä» bu jemgýetiň esasy ýörelgesidir. Sosializmde häkimiýet zähmetkeşlere degişli bolup, hususy eýeçilik ýatyrylýar. Umumy döwlet we kolhoz-kooperatiw eýeçiligi önümçiligiň esasyny düzýär. Işçiler, daýhanlar we intelligensiýa esasy synplardyr. Sosializmiň maksady jemgyýetçilik önümçiligini kämilleşdirmek arkaly halkyň maddy we medeni isleglerini kanagatlandyrmakdan ybarat.

**Statistika** [< latyn. *status – ýagdaý*] – 1) jemgyýetçilik önümçiliginiň we jemgyýetiň ösüşi baradaky mukdar görkezijilerini, olaryň gatnaşygyny we üýtgeýşini işläp düzýän hem-de öwrenýän ylym; 2) köpçülikleýin ýagdaýlaryň san taýdan hasaba alynmagy.

**Status-kwo** [latyn. *status guo*] – halkara hukugynda haýsydyr bir kesgitli wagt üçin dowam edýän ýagdaý. Halkara gatnaşyklarynda bu adalga çaknyşyklardan öňki ýagdaýy dikeltmekligi göz öňünde tutýar.

**Strategiýa** [grek. *strategia < stratos – goşun + ago – alyp barýaryn*] – 1) harby sungatyň iň ýokary görnüşi; ol ýaragly güýçleri urşa taýýarlamagyň nazaryýetini we amalyýetini, ony alyp barmagy öz içine alýar; döwletiň syýasaty bilen ýakyndan bagly hem-de oňa gönüden göni garaşly ýagdaýda bolýar; 2) jemgyýetçilik, syýasy göreşe ýolbaşçylyk etmek sungaty; taryhy ösüşiň kesgitli ýagdaýynda synpy we syýasy güýçleriň goýluşyndan we mynasybetinden ugur alyp, şol göreşi alyp barmagyň umumy meýilnamasy.

**Subsidiýa** [< latyn. *subsidium – kömek, goldaw*] – döwlet ýa-da haýsydyr bir edara tarapyndan kimedir birine, adatça pul görnüşinde berilýän kömek, ýardam.

**Syýasat** [grek. *politike – döwleti dolandyrmak sungaty*] – jemgyýetçilik synplaryň, partiýalaryň, toparlaryň işi we ol olaryň bähbitleri we maksatlary bilen kesgitlenýär, şeýle hem şol bir jemgyýetiň sosial-ykdysady tebigatyny aňladýan döwlet häkimiýetiniň we döwlet dolandyryş edaralarynyň işi. Içerki syýasat döwletiň içindäki gatnaşyklary, daşary syýasat döwletleriň we halklaryň arasyndaky gatnaşyklary öz içine alýar.

**Şerigat** [arap.] – Kurana esaslanýan hukuk we dini kadalaryň jemi, musulman hukugy.

**Şowinizm** [fran. *chauvinisme*] – aşa milletçilik, milli taýdan beýlekilerden artykmaçlygy ündemek, bir milletiň bähbidini beýleki milletleriň bähbidine garşy goýmak, milli esasda duşmançylygy, ýigrenji tutaşdyrmak.

**Taunşip** – Günorta Afrika Respublikasynda afrikan ilatynyň ýaşaýan iri şäherýaka merkezleri. Taunşipler gedaýlygyň, işsizligiň, jenaýatçylygyň ösen ýeri hasaplanypdyr.

**Tehnika** [grek. *technike – ussat, ökde, techne – sungat, ussatlyk* diýen sözlerden] – 1) önümçilik prosesini amala aşyrmak hem-de jemgyýetiň önümçilik däl maksatly hajatlaryny kanagatlandyrmak üçin amala aşyrylýan adam zähmetiniň jemi; jemgyýetçilik zähmetiniň ösüş prosesinde jemlenen bilim we önümçilik tejribesi tehnikada materiallaşýar; 2) jemleýji manyda – önümçiligiň ol ýa-da beý-

leki pudagynyň maşynlar, enjamlary, priborlary, mehanizmleri, serişdeleri; 3) işiň haýsydyr bir görnüşinde, meselem, gurluşyk, saz, goşgy düzmek, sport we ş.m. endikleriň we usullaryň jemi.

**Tehnokratiýa** [gr. *techne – sungat, ussatlyk + kratos – häkimiýet*] – 1) ýokary hünärli hünärmenleriň (alymlar, inžener-tehniki intelligensiýa, menejerler we beýl.) gatlagy bolup, olar önümçiligiň dolandyrylyşyna gatnaşýarlar; 2) häzirki zaman durmuş-ykdysady taglymat bolup, ol bazar gatnaşykly jemgyýetiň esasy hereketlendiriji güýji hökmünde ylmy we tehniki intelligensiýany, tehnokratlary hasap edýär. Bu taglymat marksçylyk-leninçilik ykdysady taglymata garşy goýulýar.

**Tehnologiýa** [gr. *techne – sungat, ussatlyk+ ...logiýa*] – 1) çig maly, ýarym materiallary, fabrikatlary önümçilik prosesinde gaýtadan işlemegiň, hilini, ýagdaýyny üýtgetmegiň usullarynyň jemi; 2) önümçilik gurallary arkaly çig mala, materiallara ýa-da ýarym fabrikatlara täsir etmegiň usullary baradaky ylym.

**Telewideniýe** [grek. *tele – daş* we latyn. *visio – görýärin*] – hereket edýän şekilleri we sesi uzak aralykdan kabul etmek we alyp görkezmek ulgamy.

**Teokratiýa** [grek. *theos – Hudaý + kratos – häkimiýet*] – dolandyryşyň bir görnüşi bolup, munda ýokary syýasy häkimiýet ruhanylara degişlidir.

**Teologiýa** [grek. *theologia, theos – Hudaý + logos – taglymat*] – dini taglymatyň ulgamlaýyn beýany bolup, onda diniň adam üçin zerurlygy delillendirilýär.

**Terror** [< latyn. *terror – gorky, elhençlik, howp*] – ýok etmeklige çenli fiziki zorlugy ulanmak arkaly parahat ilaty gorkuzmak; syýasy ýa-da beýleki motiwler boýunça syýasy garşydaşlaryňy gorkuzmak, öç almak ýa-da olary zorluk bilen öldürmek.

**Titul** [latyn. *titulus*] – 1) feodal ýa-da buržuaz jemgyýetde hormatly nebere ady ýa-da peşgeş berlen at, dereje (knýaz, graf, baron we ş.m); 2) haýsydyr bir işde bitiren hyzmatlaryny, üstünliklerini göz öňünde tutup, ykrar etmegiň nyşany hökmünde kimedir birine berlen at, dereje; 3) *titul kagyzy*; 4) *hukuk*. haýsydyr bir hukugyň esasy, käbir kodeksleriň we kanunlaryň aýratyn bölegi; 5) *ykdysady*. titul sanawyna goşulan düýpli gurluşyklaryň obýektler boýunça smetasy.

**Totalitarizm** [fran. *totalitare – dolulaýyn, tutuşlaýyn*] – adamyň syýasy häkimiýetine doly tabyn bolmagyny, döwletiň jemgyýeti doly öz gözegçiliginde saklamagyny üpjün edýän jemgyýetiň durmuş-syýasy gurluşynyň nusgasy. Bu adalga ilkinji gezek italýan syýasatçysy J.Amendola tarapyndan faşizm babatynda ulanylypdyr.

**Traktat** [< latyn. *tractatus – maslahatlaşmak, seretmek, garamak*] – 1) öz öňünde predmete bolan garaýyşda ýörelgäni kesgitlemek maksadyny goýýan polemiki taýdan ýiti görnüşde pikir ýöredilýän ylmy eser; halkara şertnamasy, ylalaşygy.

**Trest** [iňlis. *trust*] – bilelikde önüm öndürmek we satmak üçin eýeçiligiň bileleşdirilmegi.

**Tribunal** [< latyn. *tribunal – kazyýet, ýazgarma*] – kazyýet kollegiýasy; adatdan daşary ýa-da ýöriteleşdirilen kazyýet, meselem, Tokio harby tribunaly.

**Triumwirat** [latyn. *triumviratus < tres (trium) üç + vir – erkek*] – 1) gadymy Rimde b.e.öňki I asyrda döwletde häkimiýeti basyp almak maksady bilen üç sany syýasy işgäriň ýaranlygy; 2) bir işi bilelikde ýerine ýetirmek üçin üç sany adamyň birleşmegi.

**Ultimatum** [latyn. *ultimus – iň soňky*] – 1) halkara hukugynda bir döwletiň beýleki döwlete diplomatik gatnaşyklary kesmekligi ýa-da aýdan talaby möhletinde ýerine ýetirilmese, güýç ulanjakdygyny aýdyp, bildirýän talapnamasy; 2) haýsydyr bir haýbat atma bilen bildirilýän talap.

**Unitar** [fran. *unitaire, latyn dilindäki unitas – birlik diýen sözden gelip çykan*] – bitewi; bir; tutuş; bölünmez; jebis, ýeke-täk; bir umumy; birleşen, bir bitewi zat.

**Unitarizm** [fran. *unitarisme*] – dolandyryş-çäk birliklerini merkezleşdirilen görnüşinde dolandyrmak bilen häsiýetlenýän döwlet gurluşy.

**Urbanizasiýa** [latyn. *urbanus – şäherli*] – şäherleriň aşa ulalmagy netijesinde olaryň obany yza galdyryp, ykdysady agalyga eýe bolmagy we ösüş merkezlerine öwrülmegi.

32. Sargyt № 3172

**Werf** [golland. *werf*) – 1) gämi gurluşyk we gämi abatlaýan kärhana; 2) dirižabllary gurmak we saklamak üçin bina.

**Weto** [latyn. *Veto – gadagan edýärin*] – döwlet hukugynda, halkara gatnaşyklarynda gadagan etmekligi aňladýar. Weto hukugy (mysal üçin, BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzasynyň wetosy).

**Wiza** [latyn. *visa,* köplük sandaky *visum – seredilen diýen sözden*] – 1) wezipeli adamyň haýsydyr bir resminamada eden belligi bolup, onuň mazmuny bilen razylygyny aňladýar, kähalatda bolsa bu resminama hukuk güýjüni berýär; 2) raýatyň pasportyna başga döwletiň çägine girmäge, onuň çäginden geçip gitmäge ygtyýar berýän bellik.

**Ykdysadyýet** [grek. *oikonomia – hojalygy dolandyrmak*] – 1) öndüriji güýçleriniň ösüşiniň jemgyýetiň kesgitli basgançagyna gabat gelýän önümçilik gatnaşyklarynyň jemi; 2) etrabyň, ýurduň, ýurtlaryň toparynyň ýa-da tutuş dünýäniň hojalygy); 3) ykdysadyýetiň pudaklaryny, şeýle hem önümçiligiň aýry ugurlaryny (ilatlaşmak, zähmet, dolandyryş we ş.m.) öwrenýän ylmy ders.

**Ýahudylyk** – ýewreý halkynyň dini, milli, etiki garaýyşlary; adamzadyň iň gadymy we şu wagta çenli dowam edýän monoteistik dinleriniň biri.

**Ýudofob** [latyn. *Judaeus – ýewreý + ...fob*] – ýewreýleri ýigrenýän, antisemit.

## MASLAHAT BERILÝÄN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 3-nji tom. –Aşgabat, 2010.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 4-nji tom. –Aşgabat, 2011.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 5-nji tom. –Aşgabat, 2012.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 6-njy tom. –Aşgabat, 2013.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 7-nji tom. –Aşgabat, 2014.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 8-nji tom. –Aşgabat, 2015.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 9-njy tom. –Aşgabat, 2016.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bitarap Türkmenistan. – A., TDNG, 2015.
9. Türkmenistanyň Bitaraplygy: Parahatçylygyň we ösüşiň syýasaty. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň resmi çykyşlarynyň we ýüzlenmeleriniň ýygyndysy. –A., 2015.
10. *Berdimuhamedow G.* Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A., 2016.
11. Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň sözlän sözleri, çykyşlary we interwýulary. – A., 2010.
12. *Annaorazow J., Mamutow A., Hatamow J.* Aziýa we Afrika ýurtlarynyň taryhy (Täze taryh döwri). –A., 2013.
13. *Assefa Hizkias.* Mediation of Civil Wars, Approaches and Strategies – The Sudan Conflict. Boulder, 1987. Colorado: Westview Press.
14. Asian Foreign Direct Investment in Africa: Towards a New Era of Cooperation among Developing Countries. – New York, – Geneva, 2007. (BMG neşiri)
15. *Asselin P.* The Democratic Republic of Vietnam and the 1954 Geneva Conference: a revisionist critique. – Stockholm, 2011.
16. *Абаева Т.Г.* Памиро-Гиндукушский регион Афганистана в конце XIX – начале XX вв. – М., 1987.
17. *Абраменко В. Г.* Юго-Восточная Азия (справочник). – М.: Кристалл, 1996.
18. *Аваков Р. М.* Марокко от протектората к независимости. – М.,1961.
19. *Агаджанян А. С.* Бирма: крестьянский мир и государство. – М.: Наука, 1989.
20. *Агаев С.Л.* Иран – рождение республики. – М.: Политиздат, 1984.
21. *Агаев С.Л.* Иран в прошлом и настоящем (пути и формы революционного процесса). – М., 1981.
22. *Агаев С.Л.* Иран между прошлым и будущим. События, люди, идеи. – М., 1987.

23. *Ала Башир.* Ближний круг Саддама Хусейна. – СПб.: Амфора, 2006.
24. *Александров В.В.* Борьба империалистических держав за раздел Африки. – М., 1963.
25. *Александров И.А.* Новейшая история арабских стран Азии 1917–1985 гг. – М.: Наука, 1988.
26. *Алексеев В. А.* Грани алмаза: Повесть о Патрисе Эмери Лумумбе. – М.: Политиздат, 1988.
27. *Алиев С. М.* История Ирана. XX век. – М.: Крафт+, 2004.
28. *Алиев Г. З.* Турция в период правления младотурок. – М.: Наука, 1972.
29. *Альбанезе М.* Ангкор. Величие кхмерской цивилизации. – М.: ООО «АСТ», Астрель, 2003.
30. *Анисимов А.Н.* Искусство стран Востока. – Казань, 1993.
31. *Анна Ковальска-Левицка.* Мавритания. – М: Наука, 1981.
32. *Антонова К. А., Бонгард-Левин Г. М., Котовский Г. Г.* История Индии. – М., 1999.
33. *Антонова К.А.* История Индии /Краткий очерк/. – М., 1973.
34. *Апродов В. А.* Тысячелетия восточного Магриба. – М.: Наука, 1976.
35. *Арабаджян А.З.* Иран. Власть, реформы, революции (XIX–XX вв.). – М.: Наука, 1991.
36. *Арабаджян А.З.* Иранская революция 1978–1979 гг. Причины и уроки. – М.: Наука, 1989.
37. *Аргентов В.А.* Старина и новь Магриба. – М., 1985.
38. *Арунова М.П.*, Ашрафян К.З. Государство Надир-шаха Афшара. – М., 1958.
39. *Арунова М.Р.*, *Ганковский И.В., Коргун В.Г., Ромодин В.А.* История Афганистана. – М., 1981.
40. *Асадулаев К.* Иран и Афганистан. Научные труды по истории Ирана и Афганистана. – Душанбе, 1981.
41. АСЕАН в начале XXI века: Актуальные проблемы и перспективы. – М.: Форум, 2010.
42. *Ататюрк М. К.* Путь новой Турции. Т. 4. – М., 1934.
43. Атлас мира: Максимально подробная информация. – Москва: АСТ, 2017.
44. Афганистан, Иран, Турция. История и экономика /сб. статей/. – М., 1964.
45. Афганистан. Краткий биографический справочник. – М., 2004.
46. *Афонин Д. С.* Дети Кхунборома. – М., 2000.
47. *Ахмедов В.М.* Современная Сирия: история, политика, экономика. – М., 2010.
48. *Ашрафян К.З., Волкова С.В.* История народов Восточной и Центральной Азии /с древнейших времен до наших дней. – М., 1986.
49. *Аш-Шафин Ш.А.* Развитие национально-освободительного движения в Египте / 1882–1956 /. – М., 1961.
50. *Аяш Ж.* Марокко. Итог одной колонизации. – М., 1958.
51. *Аяш Ж.* Очерки марокканской истории. – М., 1982.
52. *Barthorp M.* Afghan Wars and the North-West Frontier 1839–1947. – London: Cassell, 2002.
53. *Bhutto Z.A.* The Myth of Independence. – Karachi, 1969.
54. Bosgunlaryň dünýädäki ýagdaýy. 2000. Ynsanperwerlik işiniň elli ýyly. BMG BÝKE. –Stambul, 2000.
55. *Bradley Martin.* Under The Loving Care Of The Fatherly Leader: North Korea And The Kim Dynasty, St. Martins (October, 2004).
56. *Brecher M.* Nehru: A Political Biography. – London, 1959.
57. *Brown J. M.* Modern India: The Origins of an Asian Democracy. – Oxford, 1994.
58. *Brown J.* Modern India. The Making of an Asian Democracy. Oxford, 1999.
59. *Brown M.* Lawrence of Arabia: the Life, the Legend. – London, 2005.
60. *Burki Sh.J.* Pakistan under Bhutto 1971–1977. – L., 1980.
61. *Бабаходжаев М.А.* Борьба Афганистана за независимость. – М., 1960.
62. *Багдасаров С.* Ближний Восток. Перезагрузка. – М., 2016.

63. *Бадак А. Н., Войнич И. Е., Волчек Н. М.* и др. Всемирная история в 24 томах. – Минск: Современный литератор, 1999.
64. *Бакшт И. Д. и Мещерякова В. И.* (перевод с вьетнамского). История Вьетнама. – М.: Наука, 1991.
65. *Балезин А.С.* Тропическая и Южная Африка в Новое и Новейшее время: люди, проблемы, события. Учебное пособие. – М., 2008.
66. *Балезин А.С.,* Филатова И.И., Мазов С.В. Чёрная Африка: Прошлое и настоящее. Учебное пособие по Новой и Новейшей истории Тропической и Южной Африки. – М., 2016.
67. *Бальфур Дж.П.* Османская империя. Шесть столетий от возвышения до упадка. XIV–XX вв. – М., 2017.
68. *Бальфур Дж.П.* Расцвет и упадок Османской империи. На родине Сулеймана Великолепного. – М., 2017.
69. *Бандиленко Г. Г., Гневушева Е. И., Деопик Д. В., Цыганов В. А.* История Индонезии (в трёх частях). – М., 1993.
70. *Барач Д.* Дэн Сяопин. Пер. с венг. В. С. Иванова. – М., 1989.
71. *Бард М.* Мифы и факты. Путеводитель по арабо-израильскому конфликту. – М.: Еврейское слово, 2007.
72. *Барзани М.* Мустафа Барзани и курдское освободительное движение. – СПб., Наука, 2005.
73. *Бар-Зохар М.* Бен-Гурион. – Тель-Авив: Яков Пресс, 1985.
74. *Бар-Зохар М.* Шимон Перес: Биография. – М.: Гамма-Пресс, 2011.
75. *Бартницкий А.,Мантель-Нечко И.* История Эфиопии. – М., 1976.
76. *Бат-Эрдэнийн Б.* История Монголии: От мирового господства до советского сателлита. – Казань: Татар. кн. изд., 2010.
77. *Батюк В.И.* Мировая политика: Учебник для академического бакалавриата. – М.: Юрайт, 2016.
78. *Бектимирова Н.* Кризис и падение монархического режима в Камбодже. – М.: Наука, 1987.
79. *Бектимирова Н.Н., Дементьев Ю.П., Кобелев Е.В.* Новейшая история Кампучии. – М.: Наука, 1989.
80. *Беленький А.Б.* Национальное пробуждение Индонезии. – М.,1965.
81. *Белов Е. А.* Россия и Монголия (1911–1919 гг.). – М., 1999.
82. *Белов Е.А.* Революция 1911–1913 гг. в Китае. – М., 1958.
83. *Белов Е.А.* Учанское восстание в Китае (1911 г.). – М., 1971.
84. *Белозёрова В. Г., Мартынов Д. Е.* Кан Ю-Вэй. – М.: Вост. лит., 2010.
85. *Белокреницкий В. Я.* Пакистан. Особенности и проблемы урбанизации. – М., 1982.
86. *Белокреницкий В. Я., Москаленко В. Н.* История Пакистана. XX век. – М.: Крафт +, 2008.
87. *Белокреницкий В. Я., Наумкин В. В.* История Востока: в 6 т. Т.6. Восток в новейший период (1945–2000 гг.). – М.: Восточная литература РАН, 2008.
88. *Бельский А. Г., Фурман Д. Е.* Сикхи и индусы. Религия. Политика. Терроризм. М., 1992.
89. *Беляков В. В.* Русский Египет. – М.: Вече, 2008.
90. *Бергстен Ф., Гилл Б., Ларди Н., Митчелл Д.* Китай. Что следует знать о новой сверхдержаве. – М., 2007.
91. *Бернс А.* Кабул. Путевые записки сэра Александра Бернса в 1836-1837-1838 гг. – М., 1847.
92. *Биль Д.* Еврейские культуры: новый взгляд на историю. – М.: Книжники, 2013.
93. *Благодатов А. В.* Записки о китайской революции 1925–1927 гг., – М., 1970.
94. Ближний Восток и современность. Сборники статей. Выпуски 1-21. – М., 1996–2004.
95. *Бодянский В. Л.* Современный Бахрейн (справочник). – М.: Главная редакция восточной литературы издательства «Наука», 1976.

96. *Бэшем А.Л.* Чудо, которым была Индия. – М.,1977.
97. *Бюттнер Т.* История Африки с древнейших времен. – М., 1981.
98. *Chandler D.* The tragedy of Cambodian History. – New Haven, 1991.
99. *Чендлер Дэвид П.* Брат номер один: Политическая биография Пол Пота. – Екатеринбург: Ультра. Культура, 2005
100. *Чжан Ю., Холлидей Дж.* Неизвестный Мао. – М.: ЗАО Центрполиграф, 2007.
101. *Члаткин И.Я.* Монголия. – М., 1957.
102. *Чуфрин Г. И.* (ответственный редактор). Сингапур. Справочник. – М.: Наука, 1988.
103. *Chandler D.* The tragedy of Cambodian history. – New Haven, 1991.
104. *Desker B.* and *Osman M. N.* S Rajaratnam on Singapore: from ideas to reality. – Singapore: World Scientific Publishing, 2006.
105. *Douglas Johnson H.* 1979. «Book Review: The Secret War in the Sudan: 1955–1972 by Edgar O'Ballance». African Affairs 78 (310):132–7.
106. *Давидсон А.Б.* История Тропической и Южной Африки. 1918–1988 гг. – М., 1989.
107. *Давидсон А.Б.* Сесиль Родс и его время. – М., 1984.
108. *Дажен Брюно.* Ангкор. Лес из камня / Пер. Е. Батыревой. – М.: АСТ, Астрель, 2003.
109. *Дажен Брюно.* Кхмеры / Пер. с франц. В. Е. Степанова. – М.: Вече, 2009.
110. *Данилов В.И.* Политическая борьба в Турции. – М., 1985.
111. *Данилов В.И.* Турция: История и современность. – М., 1988.
112. *Датта Д.* Философия Махатмы Ганди / Пер. с англ. А. В. Радугина. – М.: Изд-во иностр. лит., 1959.
113. *Дашкевич В.К.* Из истории национально-освободительной борьбы тунисского народа. – Минск, 1960
114. *Девяткин С. В.* Искусство сатьяграхи // Опыт ненасилия в XX столетии. – М.: Аслан, 1996.
115. *Дементьев И. А.* Суэцкий канал / Под ред. акад. Л. Н. Иванова. – Изд. 2-е. – М.: Географгиз, 1954.
116. *Дементьев И. А.*, Генин И. В. Объединённая Арабская Республика. – М., 1959.
117. *Дементьев Ю.П.* Кампучия: крах маоистского эксперимента. – М.: Международные отношения, 1979.
118. *Демин Л. М.* Бруней. – М.: Мысль, 1973.
119. *Демин Л. М., Другов А. Ю, Чуфрин Г. И.* Индонезия. Закономерности, тенденции, перспективы развития. – М., 1987.
120. *Демин Л. М., Другов А. Ю, Чуфрин Г. И.* Индонезия. Закономерности, тенденции, перспективы развития. – М., 1987.
121. *Денике В.* Искусство Востока. – Казань, 1993.
122. *Длин Н. А.* Объединённая Арабская Республика. – М., 1963.
123. *Доктор Махатхир Мохамад.* Политик и личность. – М.: Форум, 2001.
124. *Дроговоз И. Г.* Турецкий марш: Турция в огне сражений / Под ред. А. Е. Тараса. – Мн: Харвест, 2007.
125. *Другов А. Ю.* Индонезия: Курс страноведения. – М.: Восточный Университет, 2005.
126. *Дружинин Н. Л.* Япония: экономическое чудо. –СПб, 2003.
127. *Дубинский А.М., Лавров Н.М.* Пробуждение Азии. – М., 1958.
128. *Дьяков А. М.* Индия во время и после Второй мировой войны: (1939–1949 гг.). – М.: АН СССР, 1952.
129. *Дэвидсон Ф. Б.* Война во Вьетнаме (1946–1975 гг.). – М.: Изографус, Эксмо, 2002.
130. *Дэн Сяопин.* Основные вопросы современного Китая. – М., Политиздат, 1988.
131. *Дяков Н.Н.* Младоалжирцы и антиколониальная борьба в Алжире на рубеже XIX–XX вв. – М., 1986.

132. *Elson R. E.* Suharto: A Political Biography. – Cambridge, United Kingdom: Cambridge University Press, 2001.
133. *Erickson E. J.* Ordered to Die: A History of the Ottoman Army in the First World War. – Connecticut, Greenwood Publishing Group, 2001.
134. *Ervand Abrahamian.* Iran between two revolutions. – Princeton: Princeton University Press, 1982.
135. *Esposito J. L.* Islam and Politics. – Syracuse: Syracuse University Press, 1998.
136. *Эбрахими Т. А., Бурыгин С. М., Непомнящий Н. Н.* Загадки старой Персии. – Москва: Вече, 2010.
137. Эволюция политических систем на Востоке (Иран, Пакистан, Турция: традиции и демократизация). М., 1999.
138. Энциклопедия стран мира / Глав. ред. *Н. А. Симония*; редкол. *В. Л. Макаров, А. Д. Некипелов, Е. М. Примаков;* предисл. *Н. А. Симонии;* – М., 2004.
139. *Эпштейн А. Д.*. Горизонты и миражи Палестинской государственности. – М., Институт Ближнего Востока, 2016.
140. *Francis O. A* Modern History of Oman: Formation of the State since 1920. – London, 2004.
141. *Fraser T. G.* The Arab-Israeli conflict. – Basingstoke, Great Britain, 2004.
142. *Fredriksen J. C.* Biographical Dictionary of Modern World Leaders: 1900 to 1991. – New-York, 2004.
143. *Freedman R. O.* The Middle East Enters the Twenty-first Century. – Florida, 2002.
144. *Friend T.* Indonesian Destinies. – Massachusetts, United States, 2003.
145. *Федченко А.Ф.* Ирак в борьбе за независимость . –М. 1970.
146. *Фенби Дж.* Генералиссимус Чан Кайши и Китай, который он потерял. – М., «АСТ»-«Хранитель», 2006.
147. *Фененко А.В.* Современная история международных отношений: 1991–2016: Учеб. пособие. – М., 2017.
148. *Фрай Р.* Наследие Ирана. – Москва: Вост. лит., 2002.
149. *Франк Р.* (англ.). Downfall: The End of the Imperial Japanese Empire. – New York: Random House, 1999.
150. *Френкель И.Ю.* История национально-освободительной борьбы народов Африки в новое время. – М., 1976.
151. *Фурсов А.И.* Развитие азиатских обществ XVII – начало XX века: современные западные теории. – М., 1990.
152. *Gankovsky Yu.V.* The Peoples of Pakistan. –Lahore, undated.
153. *Gauhar A.* Ayub Khan. Pakistan's First Military Ruler. Oxford, 1996.
154. *Gelvin J. L.* The Israel-Palestine Conflict: One Hundred Years of War. – Cambridge, 2005.
155. *Ghani C.* Iran and the Rise of Reza Shah. – London, 2000.
156. *Goldschmidt A.* Biographical dictionary of modern Egypt. – Colorado, United States, 2000.
157. *Gopal S., Iyengar U.* Jawaharlal Nehru. – London, 2003.
158. *Grayson Lloyd J;* Shannon Smith L. Indonesia Today: Challenges of History. – Singapore: Institute of Southeast Asian Studies, 2001.
159. *Kulyýew G.* Hasratly Kabul. Syýasy roman. –A., 1989.
160. *Галенович Ю. М.* Цзян Чжунчжэн, или Неизвестный Чан Кайши. – М.: «Муравей», 2000.
161. *Галенович Ю. М.* Мао Цзэдун вблизи. – М.: «Русская панорама», 2006.
162. *Галищева Н.В.* Экономика стран Южной Азии. – М.: МГИМО (У) МИД России, 2009.
163. *Ганди И.* Внешняя политика Индии. – М.: Прогресс, 1982.

164. *Ганди И.* Мир, сотрудничество, неприсоединение. – М.: Прогресс, 1985.
165. *Ганди И.* Статьи, речи, интервью. – М.: Наука, 1975.
166. *Ганковский Ю. В.* История Афганистана с древнейших времён до наших дней. – М: Мысль, 1982.
167. *Ганковский Ю. В.* Народы Пакистана (основные этапы этнической истории). – М., 1964.
168. *Ганковский Ю.В., Гордон-Полонская Л.Р.* История Пакистана. – М., 1961.
169. *Ганковский Ю.В., Москаленко В.Н.* Политическое положение в Пакистане, (государственный переворот 1958 г. и военная диктатура). М., 1960.
170. *Гареев М.А.* Афганская страда. – М.: Инсан, 2002.
171. *Гасанова Э.Ю.* Лаицизм и ислам в республиканской Турции. – Баку, 2002.
172. *Гасратян М.А.,Орешкова С.Ф., Петросян Ю.А.* Очерки истории Турции. – М., 1983.
173. *Гафуров Б.Г.* История Кореи с древнейших времен до наших дней. В 2-х томах. – М., 1974.
174. *Герасимов О. Г.* Ирак. – М.: Мысль, 1984.
175. Г*ерасимов О.Г.* Саудовская Аравия: из средневековья в XX век. – М., 1978.
176. *Голдобин А. М.* Египетская революция 1919 г. – Л., 1958.
177. *Голдобин А.М.* Национально-освободительная борьба народа Египта 1918–1936 гг. – М.: Наука, 1989.
178. *Гордиенко А. Н.* Войны второй половины XX века. – Мн., 1998.
179. *Горев А. В.* Махатма Ганди (2-е изд.) – М.: «Международные отношения», 1989.
180. *Горев А. В., Зимянин В. М.* Неру. – М.: Молодая гвардия, 1980.
181. Государство Кувейт: Справочник. –М., 1990
182. Г*охман В. И.* Шаны Бирмы. – М., 1983.
183. *Грантовский Э.А., Дандамаев М.А. Кошеленко Г. А.* История Ирана. – М., 1977.
184. *Гречко А.А.* История Второй мировой войны. 1939–1945 (в 12-и томах). Том 2. – М., Воениздат, 1974.
185. *Гришелева Л.Д.* Формирование японской национальной культуры. – М., 1986.
186. *Гругман Р. А.* Жаботинский и Бен-Гурион: правый и левый полюсы Израиля. – Ростов-на-Дону: Феникс, 2014.
187. *Губер А.А., Ким Г.Ф, Хейфец А.П.* Новая история стран Азии и Африки. – М., 1982.
188. *Гудошников Л.М., Кокарсв К.А.* Гонконг – особая автономия Китая. – М., 1999.
189. *Гусева Н. Р.* – Индия в зеркале веков. – М.: Вече, 2002.
190. *Гусман М.* Формула власти: 55 интервью в золотом галстуке. – М.: ТЕРРА-Книжный клуб, 2005.
191. *Густерин П. В.* Йемен в переходный период. На пути к миру или распаду? – Саарбрюккен, 2014.
192. *Густерин П. В.* Йеменская Республика и её города. – М.: Международные отношения, 2006.
193. *Густерин П.* Йемен в переходный период. На пути к миру или распаду? – Саарбрюккен, 2014.
194. *Густерин П.В.* Города Арабского Востока. – М.: Восток–Запад, 2007. (Энциклопедический справочник).
195. *Гучетль Г.И.* Демократизация в арабском мире: опыт Туниса и Сирии. –М., 1999.
196. *Hangen W.* After Nehru, Who? – London: Rupert Hart-Davis, 1963.
197. *Hoveyda F.* The Shah and the Ayatollah: Iranian mythology and Islamic Revolution. – Connecticut, 2003.
198. *Khilnani S.* The Idea of India. N. Delhi, 2004.

199. *Хааг М.* История Египта. – М.: АСТ/Астрель, 2008.
200. *Холл Д.* История Юго-Восточной Азии. – М., 1958.
201. *Хохлов Н.* Патрис Лумумба. – М.: Молодая гвардия, 1971.
202. *Христофоров В.С.* Афганистан. Правящая партия и армия (1978–1989). – М.: Граница, 2009.
203. *Иванов М.С.* История Ирана.– М., 1977.
204. *Иванова Е. В.* Моны Таиланда и Бирмы. – М.: Наука, 1983.
205. *Ивашенцов Г. А.* Индия. – М.: Мысль, 1989.
206. *Идлинг П.* Улыбка Пол Пота. Путешествие по Камбодже красных кхмеров. – М.: Corpus, 2014.
207. *Ильинский М.М.* Индокитай. Пепел четырех войн (1939–1979 гг.). – М.: Вече, 2000.
208. Индия 80-х годов: тенденции социально-политического развития. Сборник обзоров. – М., 1990.
209. Индия в глобальной политике. – М., 2003.
210. Индия сегодня: Справочно-аналитическое издание. –М., 2005.
211. Индия. Достижения и проблемы. – М., 2002.
212. Индия. Общество, власть, реформы. Отв. ред. *Е.Ю. Ванина, В.П. Кашин.* –М., 2003.
213. Индия. Социально-экономические проблемы и пути их решения. –М., 2003.
214. Индонезия: исторический очерк // Индонезия: справочник. – М., 1988.
215. Индуизм, джайнизм, сикхизм: Словарь. – М., 1996.
216. *Иоанесян С. И.* – Лаос в XX веке (экономическое развитие). – М., 2003.
217. *Исазаде А. Р.* Государственный строй и правовая система Турции. – Баку, 2005.
218. Ислам и исламизм. – М., 1999.
219. Ислам и общественное развитие в начале XXI века. – М., 2006.
220. Ислам и политика. – М., 2001.
221. Ислам на современном Востоке. – М., 2004.
222. Исламизм и экстремизм на Ближнем Востоке. – М., 2001.
223. История Африки в XIX–XX столетиях. Сборник статей. – М., 1972.
224. История Востока. Т. IV. Восток в новое время (конец XVIII – начало XX вв.). Кн. 1, 2. – М., 2004.
225. История Востока: в 6 т. - Т. 5. Восток в новейшее время: 1914-1945 гг., Отв. ред. *Р. Г. Ланда.* – М., 2006.
226. История Ливии в новое и новейшее время. Отв. ред. *Ан. А. Громыко.* – М.: Наука, 1992.
227. История стран Азии и Африки в новейшее время. В 2-х частях. Под ред. *М. Ф. Юрьева. М.,* 1976.
228. История стран Азии и Африки в новейшее время. –М. 2003.
229. История стран Азии и Африки в новейшее время. –М., 1951.
230. История стран Азии и Африки в новейшее время. –М.1976
231. История стран Азии и Африки в новейшее время. Ч. 2. М., 1979.
232. История стран Азии и Африки в новое время. Ч.1.:Учебник. –М., Изд-во МГУ, 1989.
233. История Японии / Под ред. *А. Е. Жукова.* – М.: Институт востоковедения РАН, 1998. – Т. 1. С древнейших времён до 1968 г.
234. История Японии / Под ред. *А. Е. Жукова.* – М.: Институт востоковедения РАН, 1998. – Т. 2. 1868–1998.
235. История Японии / Под ред. *Д. В. Стрельцова.* – М. : Аспект-Пресс, 2015.
236. *Jacobs D.* Israel and the Palestinian Territories. – London, 1988.
237. *Jaffrelot Ch.* A history of Pakistan and its origins. – London, 2004.

238. *Железняков А.С.* Монгольская цивилизация: история и современность. Теоретическое обоснование атласа. – М.: Весь Мир, 2016.
239. *Жуков Д. А.* Небо над Ираном ясное. Очерк политической биографии имама Хомейни. – М., 1999.
241. *Caveh F.* Iran at War: 1500–1988. – London, 2011.
242. *Chandra B., Mukherjee A., Mukherjee* M. India after Independence. –N. Delhi, 1999.
243. *Cohen S.P.* The Idea of Pakistan. –Lahore, 2005.
244. *Collett N.* The Butcher of Amritsar. – London, 2007.
245. *Kulke H., Rothermund* D. A History of India. N. Delhi, 2004.
246. *Kumar D.* Colonialism, Property and the State. –Delhi, 1998.
247. *Keddie N.* Modern Iran: Roots and Results of Revolution. – New-Haven, United States, 2003.
248. *Kiernan B.* The Pol Pot Regime. – New Haven, United States, 1996.
249. *Кальвокоресси П.* Мировая политика после 1945 года. – М.: Международные отношения, 2016.
250. *Калюжная Н.М.* Восстание ихэтуаней 1890–1901 гг. – М., 1978.
251. Кампучия: от трагедии к возрождению. – М.: Политиздат, 1979.
252. *Капица М. С., Малетин Н. П.* Сукарно: Политическая биография. – М.: Мысль, 1980.
253. *Киган Дж.* Первая мировая война. – М.: АСТ, 2004.
254. *Ким Ир Сен.* О Чучхе в нашей революции : в 3 т. / Ким Ир Сен. – Пхеньян : Изд. лит. на ин. яз., 1980–1982.
255. *Кинель К., Мишукова Д.* Таиланд. Королевство храмов и дворцов. –М., Вече, 2011 (Исторический путеводитель).
256. *Кинросс Л.* Расцвет и упадок Османской империи / Пер. с англ. М.Пальникова.–М.: «Крон-Пресс», 1999.
257. *Киреев Н. Г.* История Турции, XX век. – М.: Инст. востоковедения РАН; Крафт+, 2007.
258. *Киреев Н. Г.* Турция между Европой и Азией. Итоги европеизации на исходе XX века. – М.:Крафт+, 2001.
259. *Киреев Н.Г.* История этатизма в Турции. – М., 1991.
260. *Киссинджер Г.* Мировой порядок. – М., АСТ, 2016.
261. *Киссинджер Г.* Нужна ли Америке внешняя политика? – М., 2016.
262. КНДР вчера и сегодня. Неформальная история Северной Кореи /А. Н. Ланьков. – М.: Восток–Запад, 2005.
263. *Кобелев Е. В.* Лаосская Народно-Демократическая Республика. – М., 1978.
264. *Кожевников В. А.* Очерки новейшей истории Лаоса. – М., 1979.
265. *Козырин А.Н.* Джамахирийская политическая концепция и государственный механизм Ливии. –М.: МГИМО, 1992.
266. *Кольцов Н.Н.* Индия: 40 лет борьбы и свершений. – М., 1987.
267. *Комаров Э. Н., Литман А. Д.* Мировоззрение Мохандаса Карамчанда Ганди. – М.: Наука, 1969.
268. *Коргун В. Г.* История Афганистана. XX век. – М., 2004.
269. Корея: цифры и факты. Южная Корея, прошлое и настоящее. – Министерство культуры, спорта и туризма, Центр культуры и информации Кореи, 2013.
270. *Корнилов А. А.* Меч и плуг Давида Бен-Гуриона. – Н. Н.: Издательство ННГУ, 1996.
271. *Коротаев А. В.* Социальная история Йемена, X в. до н. э. – XX в. н. э. Вождества и племена страны Хашид и Бакил. – М.: КомКнига, 2006.
272. *Корявин Л.* Минареты и небоскребы (заметки о Ближнем Востоке). –М, : «Известия», 1973.

273. *Косач Г. Г.* Саудовская Аравия: внутриполитические процессы «этапа реформ» (конец 1990–2006 г.). – М.: Институт Ближнего Востока, 2007.
274. *Костюнина Г.М.* Азиатско-тихоокеанская экономическая интеграция. – М., РОССПЭН, 2002.
275. *Кравченко Л. П.* Кто есть кто в мировой политике. – М.: Политиздат, 1990.
276. Краткая еврейская энциклопедия, Изд. О-ва по исследованию еврейских общин. – Иерусалим, 1976.
277. *Криворучко А.П.*, Рощупкин В.Т. Багдадский вождь: взлет и падение. Политический портрет Саддама Хусейна на региональном и глобальном фоне. – М., Проспект, 2017.
278. *Крывелев А.А.* История религий. Очерки в 2-х томах. Т.2. – М., 1988.
279. Кувейт. –Спб, 2000.
280. Кувейт: социальное развитие. Руководство, планирование, участие народа и гуманистические ориентиры. –М., 1997
281. *Кузнецов Ю.Д.*, Навлицкая Г.Б., Сырицын И.М. История Японии. – М., Высшая школа, 1988.
282. *Кузнецова Н.А.* Политическое и социально-экономическое положение Ирана в конце XVIII – первой половине XIX вв. Очерки новой истории Ирана. – М., 1979.
283. *Курбанов С. О.* История Кореи с древности до начала XXI века. – СПб. 2009.
284. *Курбанов С. О.* Курс лекций по истории Кореи: с древности до конца XX в. – СПб. 2002.
285. *Landau D.* Arik: The Life of Ariel Sharon. – New-York, 2014.
294. *Лазарев М. С.* Курдистан и курдский вопрос (1923–1945). – М., Издательская фирма «Восточная литература» РАН, 2005.
295. *Ланда, Роберт Г.* История Алжира. XX век. – М.: 1999.
296. *Ланда, Роберт Г.* История алжирской революции 1954–1962 гг. – М., 1983.
297. *Ланьков А. Н.* КНДР вчера и сегодня. Неформальная история Северной Кореи. – М.: Восток-Запад, 2005.
298. Лаос. Справочник / Ответственный редактор *В. А. Тюрин.* – М.: Наука, 1980.
299. Лаос. Справочник. – М., 1994
286. *Lee Kuan Yew.* From Third World to First: 1965-2000: Memoirs of Lee Kuan Yew. The Singapore Story. – New-York, 2000.
287. *Lee Kuan Yew.* Lee Kuan Yew: A Life in Pictures. – Kuala-Lumpur, Malaysia, 2014.
288. *Lee Kuan Yew.* My Lifelong Challenge: Singapore's bilingual Journey. – Kuala-Lumpur, Malaysia, 2011.
289. *Lee Kuan Yew.* One Man's View of the World. – Singapore, 2013.
290. *Leverett F. L.* Inheriting Syria: Bashar's Trial by Fire. – Washington D.C, United States, 2005.
291. *Lintner B.* The Rise and Fall of the Communist Party of Burma (CPB). – Hong Kong: Cornell Southeast Asia Program, 2014.
292. *Lloyd G. J., Smith S. L.* Indonesia Today: Challenges of History. – Singapore, 2001.
293. *Loyn D.* Two Hundred Years of Foreign Engagement in Afghanistan. – London, 2009.
300. *Левин П.И.* Развитие основных течений общественно-политической мысли в Сирии и Египте. – М., 1972.
301. *Левтонова Ю.О.* История Филиппин. Краткий очерк. – М., 1979.
302. *Лезин В.В.* Очерки по истории освободительной борьбы корейского народа. – М., 1953.
303. *Ли Куан Ю.* Сингапурская история. 1965–2000 гг. Из третьего мира – в первый. – М.: «МГИМО-Университет», 2010.
304. *Ли Куан Ю.* Мой взгляд на будущее мира. – М.: Альпина Нон-фикшн, 2017.

305. Лидеры стран мира. – Харвест, 2006.
306. *Листопадов Н. А.* Бирманский вариант политики неприсоединения. – М., Восток, 1999.
307. *Листопадов Н. А.* Бирма. Страна к югу от горы Меру. – М.: Институт востоковедения РАН, 2002.
308. *Литвинов И. П.* Кампучия – страна кхмеров. – М.: Мысль, 1976.
309. *Лоцхверия Б. М.* Турция между двумя мировыми войнами (очерки внешней политики). – М.: Наука, 1992.
310. *Лудшувейт Е.Ф.* Турция в года первой мировой войны 1914-1918 гг. – М., 1966.
311. *Луцкая Н.С.* Очерки новейшей истории Марокко. – М., 1973.
312. *Луцкий В. Б.* Очерки по истории арабских стран. – М., 1959.
313. *Льюис Э.* Без оглядки на богов: Взлет современной Индии. – М.: ИРИСЭН, Мысль, 2010.
314. *Ляховский А.А.* Трагедия и доблесть Афгана. – М.: НОРД, 2004.
315. *Majd M. G.* August 1941: The Anglo-Russian Occupation of Iran and Change of Shahs. – Lanham, Maryland: University Press of America, 2012.
316. *McDonald, H.* Suharto's Indonesia, Fontana Books, 1980, Blackburn, –Australia.
317. *Mandana E. L.* In the Time of Oil: Piety, Memory, and Social Life in an Omani Town. – Palo Alto, United States, 2010.
318. *Mandela N.* Mandela: The Authorized Portrait. – Kansas City, 2006.
319. *Mandela N.* Long Walk to Freedom: The Autobiography of Nelson Mandela. – Boston, United States, 1995.
320. *Metcalf B.*, Metcalf T. R. A Concise History of Modern India. – Cambridge, 2006.
321. *Metz H. Ch. Jordan*: A Country Study. – Washington D.C., 1989.
322. *Milani A.* The Shah. – New York, 2012.
323. *Misdaq N.* Afghanistan: Political Frailty and External Interference. – New York, 2006.
324. *Майоров А.* Правда об Афганской войне. – М.: Права человека, 1996.
325. *Мак-Грил Я.* Великие мыслители Востока. – М., 1998.
326. Малайзия. Справочник. – М.: Наука, 1987.
327. *Мамедова Н. М., Санаи М.* Иран: Ислам и власть. – Москва: ИВ РАН: Крафт+, 2002.
328. *Мартышин О. В.* Политические взгляды Джавахарлала Неру. – М.: Наука, 1981.
329. *Мартышин О. В.* Политические взгляды Мохандаса Карамчанда Ганди. – М.: Наука, 1970.
330. *Массон В.Н.*, *Ромодин В.А.* История Афганистана. В 2-х томах. – М., 1965.
331. *Матвеева Г. С.* Отец республики: Повесть о Сунь Ят-сене. – М.: Политиздат, 1975.
332. *Медведко Л. И., Германович А. В.* Именем Аллаха. Политизация ислама и исламизация политики. – М., 1988.
333. *Медведко Л.* ...Этот Ближний, бурлящий Восток.–М., 1985.
334. *Медовой А.И.* Экономика Индии: монография. – М.: МГИМО-Университет, 2009.
335. *Меликсетова А.В.* История Китая: Учебник. – М.: «Высшая школа», 2002.
336. *Мерзляков Н. С.* Демократическая Республика Вьетнам: статья. – М., ИМО, 1961.
337. *Миго А.* Кхмеры (история Камбоджи с древнейших времен). – М.: Наука, 1973.
338. *Микал Хем.* Быть диктатором. Практическое руководство = Kanskje Jeg Kan Bli Diktator. – М.: Альпина Паблишер, 2016.
339. *Миллер А. Ф.* Турция и проблема проливов. – М., 1947.
340. *Мирзоев С.* Литературно-просветительская деятельность Махмуда Тарзи и его газета «Сирадж-уль-ахбар» (1911–1919). – Душанбе, 1973.
341. *Михеев Ю. Я.* – Лаосская Народно-Демократическая Республика. Справочник. – М., 1985.
342. *Михеев Ю.Я.,* Деменьтев Ю. П., Кожевников В.А. История Кампучии. Краткий очерк. – М.: Наука, 1981.
343. *Михин В.Л.* Кувейт. –М., 1984.

344. *Млечин Л. М.* Китай – великая держава номер один? – Санкт-Петербург, 2012.
345. *Можейко И. Аун Сан.* Жизнь замечательных людей. – М.: Молодая гвардия, 1965.
346. *Можейко И. В., Узянов А.Н.* История Бирмы. – М., 1973.
347. *Молодяков В. Э.*, Молодякова Э. В., Маркарьян С. Б. История Японии. XX век / Отв. ред. В. М. Алпатов. – М.: Крафт+, 2007.
348. *Молодяков В.Э.* Консервативная революция в Японии: идеология и политика. – М., 1999.
349. *Мосяков Д. В.* История Камбоджи. XX век.. – М. 2010.
350. *Мосяков Д. В., Тюрин В. А.* История Юго-Восточной Азии. – М.: Восточный университет, 2004.
351. *Мосяков Д. В., Тюрин В. А.* История Юго-Восточной Азии. – М.: Восточный университет, 2004.
352. *Мохамад М.* Политик и личность. – М.: Форум, 2001.
353. *Мохамад М.* Путь вперёд. – Минск: Харвест, 2009.
354. *Мусский И. А.* 100 великих диктаторов. – М.: Вече, 2002.
355. Мусульманские страны у границ СНГ. –М.: ИВ РАН; Крафт+, 2001.
356. *Nayyar P.* Mahatma Gandhi – the Last Phase. – Ahmadabad, India, 1956.
357. *Netanyahu B.* A place among the nations: Israel and the world. – New-York, 1993.
358. *Netanyahu B.* International Terrorism: Challenge and Response. – Piscataway, New-Jersey, 1981.
359. *Nilekani N.* Imagining India: Ideas for the new century. – New Delhi, 2009.
360. *Намбудирипад Е. М.* Махатма Ганди и гандизм. – М.: Изд-во иностр. лит., 1960.
361. Национализм и фундаментализм на Ближнем и Среднем Востоке. – М., 1999.
362. *Непомнин О. Е.* История Китая. XX век. – М.: Институт востоковедения РАН, 2011.
363. *Непомнин О. Е.* История Китая: Эпоха Цин. XVII – начало XX века. – М.: Восточная литература, 2005.
364. *Непомнин О. Е.* История Китая. XX век. – Москва: Институт востоковедения РАН, «Крафт+», 2011.
365. *Неру Дж.* Автобиография. Пер. с англ. – М.,1955.
366. *Неру Дж.* Взгляд на всемирную историю. В трёх томах. Изд. 4. – М.: Прогресс, 1989.
367. *Неру Дж.* Открытие Индии. В двух томах. Пер. с англ. – М.: Политиздат, 1989.
368. *Никитина И.А.* Захват бурских республик Англией /1899–1902 гг/. – М., 1970.
369. *Никифоров В.Н.* Восток и всемирная история. – М.,1977.
370. *Никифоров В.Н.* Китай в годы пробуждения Азии. – М., 1982.
371. *Николаев Н.Н.* Япония. – М., 1961.
372. *Никулин Л.Г.* Афганистан. – Ташкент, 1956.
373. Новейшая история зарубежных стран: XX век. Учебное пособие для средн.спец.учеб. заведений. Под ред.*А.М.Родригеса.* –М., Гуманитарный издательский центр «Владос», 2001.
374. Новейшая история стран Азии и Африки. XX век. 1945–2000.–М., 2004.
375. Новейшая история стран Азии и Африки. XX век: Учеб. пособие: В 3-х ч. / Под ред. *А. М. Родригеса.* –М., 2004.
376. Новейшая история стран Азии и Африки. Антология. Издательство: МГИМО-Университет, 2008 г.
377. Новейшая история стран Азии и Африки: XX в. В 3-х частях. Под ред. *А. М. Родригеса.* Часть 2. 1900–1945.–М., 2006.
378. Новейшая история стран Азии и Африки: XX в.: В 3 ч.: Учебник для вузов (под ред. *Родригеса А.М.*). –М, 2006.

379. Новейшая история стран Азии и Африки: XX в.: В 3 ч.: Учебник для вузов (под ред. *Родригеса А.М.*). Часть 1. 1900–1945.–М, 2005.
380. Новейшая история стран Азии и Африки: XX в.: В 3 ч.: Учебник для вузов (под ред. *Родригеса А.М.*). Часть 3. 1900–1945.–М, 2004.
381. Новейшая история Турции. – М., 1968.
382. *Новичев А.Д.* История Турции. В 4-х томах. – Л., 1978.
383. *Osmanoğlu A.* Babam Sultan Abdülhamit. – İstanbul: Selis Kitaplar, 2007.
384. Объединённая Арабская Республика (справочник). – М., 1968.
385. *Овсянников В.И.* Новая история стран Азии (вторая половина XIX – начало XX вв. Учебное пособие для самостоятельной работы студентов вузов. – М., 1995.
386. *Ольдерогге Д.А.* История Тропической Африки. – М., 1984.
387. *Островцов А. А.*, *Островцова М. А.* Великие правители XX века. – М.: Мартин, 2002.
388. *Palmer A.* Bir Çöküşün Yeni Tarihi. – İstanbul: Sabah Kitapları, 1993.
389. *Peres Sh., Landau D. Ben-Gurion*: A Political Life. – New-York, United States, 2011.
390. Poggo, Scopas Sekwat. 1999. War and Conflict in Southern Sudan, 1955–1972. PhD Dissertation, University of California, – Santa Barbara.
391. *Pollack K. M.* The Persian Puzzle: The Conflict between Iran and America. – New York, 2005.
392. *Preston D.* The Boxer Rebellion. – New-York, 2000.
393. *Price M.P.* A History of Turkey from empire to republic. – London, 1956.
394. Пакистан в современном мире. Ред. коллегия: *С.Н. Каменев, И.В. Серенко. М.*, 2005.
395. *Паниккар К. М.* Очерк истории Индии / Пер. с англ. – М., 1961.
396. *Паничкин Ю.Н.* Образование Пакистана и пуштунский вопрос. – М., 2005.
397. *Панцов А. В.* Мао Цзэдун. – М.: Молодая гвардия, 2007.
398. *Панцов А.В.* Дэн Сяопин. – М., 2013.
399. *Пахомова Л.Ф.* Модели процветания. (Сингапур, Малайзия, Таиланд, Индонезия). – М., 2007.
400. *Пегушев А.* Кения. Очерки политической истории. – М., 1972.
401. *Перминов А.В.* Новейшая история Азии и Африки: Методические указания. – М., 1973.
402. *Першиц А. И.* Арабы Аравийского полуострова. – Гос. изд-во географической лит-ры, 1958.
403. *Петров С. С., Петрова И. Г.* Большой справочник стран Азии. – М.: Мысль, 1997.
404. *Петросян И.Е., Петросян Ю.А.* Османская империя: реформы и реформаторы. – М., 1993.
405. *Петросян Ю.А.* Младотурецкое движение. – М., 1971.
406. *Петросян Ю.А.* Османская империя: могущество и гибель. – М., 1990.
407. *Пиотровский М. Б.* Живая вода Бахрейна – /в кн.: Тилос. Путешествие в загробный мир – С.-Пб.: Изд-во Гос. Эрмитажа, 2012.
408. *Пискунова Н. И.* Африканский Рог: современные проблемы безопасности. – Саарбрюккен: LAP LAMBERT Academic Publishing, 2014.
409. *Плейт Т.* Беседы с Ли Куан Ю. Гражданин Сингапур, или как создают нации. – М.: «Олимп-Бизнес», 2012.
410. *Плеханов С.* Кровь на песке. Жизнь и смерть Саддама. – М: Журналист, 2007.
411. *Плешов О. В.* Ислам и политическая культура в Пакистане. – М., 2005.
412. *Погадаев В.* Одна Малайзия премьера Наджиба Разака. – М.: РАН, 2009.
413. *Погадаев В. А.* Индонезия: Краткий справочник. – М.: Ключ-С, 2013.
414. *Погадаев В. А.* Малайский мир (Бруней, Индонезия, Малайзия, Сингапур). Лингвострановедческий словарь. – М.: Восточная книга, 2012.
415. *Полонская Л. Р.* Махатма Ганди: Смысл жизни. Святой или политический деятель? – М., 1991.

416. *Пономарев Л.* История Мусульманской лиги Пакистана. – М., 1982.
417. *Пономарева Е.Г., Рудов Г.А.* «Принцип домино»: мировая политика на рубеже веков. – М., 2016.
418. *Пономаренко Л. В.* Патрис Лумумба: жизнь во имя свободы Африки. – М.: Издательство Университета дружбы народов, 1989.
419. *Примаков Е.М.* Конфиденциально: Ближный Восток на сцене и за кулисами. – М., 2016.
420. *Пу И.* Первая половина моей жизни. Воспоминания Пу И – последнего императора Китая. – М.: Прогресс, 1968.
421. *Пучков В.П.* Политическое развитие Бангладеш. 1971–1985. – М.: «Наука», 1986.
422. *Rau C.* Jawaharlal Nehru. – New-Delhi, 1973.
423. Religions of the World: A Comprehensive Encyclopedia of Beliefs and Practices / J. Gordon Melton, Martin Baumann. – Oxford, England: ABC CLIO, 2010.
424. *Ricklefs M. C.* A History of Modern Indonesia since 1200. – Palo Alto, United States, 2001.
425. Ricklefs, Merle Calvin. A History of Modern Indonesia since c. 1200. – 3 edition. – Stanford University Press, 2001.
426. *Рамбо А.* Персия, Афганистан, Кавказ, история XX века. – М., 1978.
427. *Рашид А.* Талибан: Ислам, нефть и новая Большая Игра в Центральной Азии. – М.: Библион – Русская книга, 2003.
428. *Ричард Фрай.* Наследие Ирана. – М.: «Восточная литература» РАН, 2002.
429. *Родригес А.М.* История стран Азии и Африки в новейшее время. Учебник. –М. 2009.
430. *Родригес А.М.* История стран Азии и Африки в Новейшее время. – М.: Проспект, 2008.
431. *Розалиев Ю.Н.* Новейшая история стран Азии и Африки. –М., 1987.
432. *Рыбаков Р. Б.* Ненасильственная борьба за мир без насилия (Ахимса в индийской традиции и в учении М. К. Ганди). – М.: ИВИ РАН, 1998.
433. *Рыбаков Р. Б., Алаев Л. Б., Белокреницкий В. Я.* История Востока: в 6 т. / Ин-т востоковедения РАН. – Т. V: Восток в новейшее время. – М.: Восточная литература, 2006.
434. *Рясов А. В.* Политическая концепция М. Каддафи в спектре «левых взглядов». – М., 2008.
435. *Spear P. A* History of India. – New Delhi, 1990.
436. *Stein B. A* History of India. – New Delhi, 2001.
437. *Stein B. A* History of India. Oxford, 2004 (и другие издания).
438. *Саидов А. Х.* Национальные парламенты мира: энцикл. справ. – М.: Волтерс Клувер, 2005.
439. *Самородний О.* Пол Пот: Камбоджа – империя на костях?. – М., Алгоритм, 2013.
440. *Сапронова М. А.* «Берберский вопрос» в странах Магриба. – М. : МГИМО, 2005.
441. *Сарвепалли Гопал.* Джавахарлал Неру. Биография (2 тома). – М.: Прогресс, 1989.
442. *Сейранян Б.Г.* Новейшая история арабских стран Африки 1917–1987 гг. – М.; Наука, 1990.
443. *Селищев А. С., Селищев Н. А.* Китайская экономика в XXI веке. – СПб., Издательский дом «Питер», 2004.
444. *Сенченко И.П.* Персидский залив: взгляд сквозь столетие.–М., 1991.
445. *Сидихменов В.Я.* Маньчжурские правители Китая. – М., 1985.
446. *Симония А. А.* Мьянма на пути к демократии. – М., 2012.
447. Сингапур – перекресток малайского мира. МИИ, вып. VII. – М., 1996.
448. *Слободин А.* Бельгия извинилась за Лумумбу. Зря его убили. – М., Время новостей, 2002.

449. Социально-экономическая география Японии / Под ред. *И. С. Тихоцкой.* – М. : Аспект-Пресс, 2016.
450. *Спаткай Л. В.* Гербы и флаги стран мира. Азия. – Издательские решения, 2016.
451. *Спектор А., Мерников А.* Всемирная история войн. – Мн.: ООО «Харверст», 2004.
452. Страны Азии и Северной Африки после второй мировой войны.–М., 1994.
453. Страны Азии и Северной Африки после второй мировой войны.–М., 1994.
454. *Стрельцов Д.В.* Внешнеполитический процесс на Востоке: Учебное пособие для студентов вузов. – М., 2017.
455. *Стрелянов (Калабухов) П. Н.* Казаки в Персии. 1909–1918 гг. – М.: Центрполиграф, 2007.
456. *Суворова А. А.* Беназир Бхутто: портрет в двух ракурсах. – М.: Восточная литература, 2013.
457. Сукарно. Индонезия обвиняет. – М., 1956.
458. *Сунь Ятсен*. Избранные произведения. – М. Наука, 1985.
459. *Сухарев А. Я.* Правовые системы стран мира. Энциклопедический справочник. – М., Издательство НОРМА, 2001.
460. *Сухоруков С. А.* Иран между Британией и Россией: от политики до экономики. – Санкт-Петербург: Алетейя, 2009.
461. *Цзинпин Си.* О государственном управлении. – Пекин, 2014.
462. *Цзян Чжунчжэн* (*Чан К.*). Советская Россия в Китае. Воспоминания и размышления в 70 лет. 2-е изд., испр. и доп. – М., 2009.
463. *Циркин Ю. Б.* История библейских стран. – М., 2003.
464. *Шагаль В. Э., Алпатов В. М.* Арабский мир. – М.: ИВ РАН, 2001.
465. *Шамсутдинов А.М.* Национально-освободительная борьба в Турции 1918-1923 гг. – М.: 1966.
466. *Шамсутдинов А.М., Гастарян М.А., Моисеев П.П.* Новейшая история Турции. – М.: Наука. 1968.
467. *Шахинлер М.* Кемализм: зарождение, влияние, актуальность. – М., 1998.
468. *Широкорад А. Б.* Япония. Незавершенное соперничество. – М.: «Вече», 2008.
469. *Широкорад А. Б.* Персия – Иран. Империя на Востоке. – Москва: Вече, 2010.
470. *Шлюмберже Д.* Эллинизированный Восток. Греческое искусство и его наследники в несредиземноморской Азии. – М.: Искусство, 1985.
471. *Шорт Ф.* Мао Цзэдун / пер. с англ. Ю. Г. Кирьяка. – М.: АСТ, 2005.
472. *Шпажников С. А.* Религия стран Юго-Восточной Азии. – М., 1980.
473. *Шпилькова В.И.* Младотурецкая революция 1908–1909 гг. – М., 1977.
474. *Шривастава Ч. П.* Лал Бахадур Шастри: жизнь правды в политике. – М.: Голден-Би, 2007.
475. *Шубин В. В.* Кампучия: суд народа. – М.: Юридическая литература, 1980.
476. *Щедров И. М.* Республика на Меконге. – М., 1983.
477. Talbot I. Pakistan. A Modern History. – Lahor, 1998.
478. *Thapar R. A* History of India. – New Delhi, 1990.
479. The Cambridge History of India. Cambridge, 1922–1937. Vol. 3–6.
480. *Taseer S.* Bhutto: a political biography. – New Delhi, 1980.
481. *Tunaya T.Z.* Türkiyenin siyasi hayatinda batililaşma hareketlerı. – İstanbul, 1960.
482. *Turner R. F.* Vietnamese Communism: Its Origins and Development. – New-York, 1975.

483. *Тихвинский С. Л.* Путь Китая к объединению и независимости. 1898–1949. – М.: Восточная литература, 1996.
484. *Толорая Г. Д.* Республика Корея. – М.: Мысль, 1991.
485. Турция в XX веке. – М., 2004.
486. Турция в новых геополитических условиях. – М., 2004.
487. Турция между Европой и Азией. Итоги европеизации на исходе XX века. – М., 2001.
488. Турция. Современные проблемы экономики и политики. – М., 1997.
489. *Тюрин В. А.* Лаос. Справочник. – М.: Наука, 1980.
490. *Ульченко Н. Ю., Уразова Е. И.* Турецкая республика. Справочник. – М., 2000.
491. *Ульченко Н.Ю.* Экономика Турции в условиях либерализации. – М., 2002.
492. *Уопперт С.* Джинна – творец Пакистана. М., 1997.
493. *Уразова Е. И.* Экономика Турции: от этатизма к рынку (внутренние и внешние источники экономического роста). – М.: Наука, 1993.
494. *Уразова Е. И.* Турция. Современные проблемы экономики и политики.– М.: Институт востоковедения РАН, 1997.
495. *Уразова Е.И.* Экономическое сотрудничество Турции и тюркских государств СНГ. – М., 2003.
496. *Усов В. Н.* КНР: от «большого скачка» к «культурной революции» (1960–1966 гг.). – М.: ИДВ РАН, 1998.
497. *Усов В. Н.* КНР: от «культурной революции» к реформам и открытости (1976–1984 гг.). – М.: ИДВ РАН, 2003.
498. *Усов В. Н.* Последний император Китая Пу И (1906–1967). – М.: Олма-пресс, 2003.
499. *Усов В.Н.* Дэн Сяопин и его время. – М., «Стилсервис». 2009.
500. *Устюн Н.* Америка и американцы в Турции. – М., 1971.
501. *Ушаков А. Г.* Феномен Ататюрка. Турецкий правитель, творец и диктатор. – М., 2002.
502. *Willett E.C.* Ayatollah Khomeini. – New-York, United States, 2004.
503. *Windrow M.* The French Indochina War 1946–1954. – Oxford, 1998.
504. *Wolpert S. A* New History of India. – Oxford, 2003.
505. *Wolpert S.* Zulfi Bhuto of Pakistan: His life and Times. – Oxford, 1993.
506. *Wright J.* Libya: A Modern History. – London, 1981.
507. *Wright R.* The Last Great Revolution: Turmoil and Transformation In Iran. – New York, 2000.
508. *Вакамори Т.* История Японии. – М., 1957.
509. *Васильев А. М.* Египет и египтяне. – М., 1986.
510. *Васильев А. М.* История Саудовской Аравии (1945 – конец XX в.). – М., 1999.
511. *Васильев А. М.* История Саудовской Аравии от середины 18 в. до конца 20 в. – М., 1994.
512. *Васильев В. Ф.* История Мьянмы/Бирмы. XX век. – Москва: Крафт+, 2010.
513. *Васильев В.Ф.* Очерки истории Бирмы /1885–1947/. – М., 1962.
514. *Васильев В.Ф.*, Вяткин А.Р., Глазачев М. В. Бирма. Справочник. – М., 1982.
515. *Васильев Л. С.* История Востока. В. 2-х тт. –М., 2008.
516. *Васильев Л. С.* История Востока. – М., 1993.
517. *Васильев Л. С.* История Востока. Том 5. От Нового времени к современности.– М., 2015.
518. *Васильев Л. С.* История Востока. Том 6. Современность и глобальные проблемы человечества.– М., 2015.
519. *Васильев Л.С.* История религий Востока. – М., 1988.

520. Великие правители XX века. – М.: «Мартин», 2002.
521. *Видясова М.Ф*, Умеров М.Ш. Египет в последней трети XX века. –М., 2002.
522. *Владимиров Л.* Кения: выбор пути. Основные проблемы освободительного движения. – М., 1979.
523. *Вобликов Д.Р.* Новейшая история арабских стран /1917–1966 гг./. – М., 1968.
524. *Вобликов Д.Р.* Эфиопия в борьбе за сохранение независимости 1860–1960 гг. – М., 1961.
525. *Воскресенский А. Д.* (редактор). Восток и политика: Политические системы, политические культуры, политические процессы: Учебник для вузов. – М., 2015.
526. *Воскресенский А.Д.* Китай в мировой политике. – М., 2001.
527. *Воскресенский А.Д.* Конфликты на Востоке: Этнические и конфессиональные. – М., «Аспект Пресс», 2009.
528. Всемирная история. - Т.7. – М., 1960.
529. Всеобщая история искусств. - Т.2. – М., 1961.
530. Вьетнам. Справочник. – М.: Наука, 1993.
531. *Yaghikiyan G.* Shooravi and jonbesh-e jangal (The Soviet Union and the Jungle Movement). – Tehran, 1984.
532. *Young, K. T.* The 1954 Geneva Conference: Indo-China and Korea. – Westport, United States, 1968.
533. Yudhoyono Susilo Bambang. Revitalizing Indonesian Economy: Business, Politics, and Good Governance. – Brighten Press, 2004.
534. *Евдокимова А. А.* История стран Востока в новое время. Курс лекций: учебное пособие для студентов вузов. – Уфа, 2009.
535. *Евдокимова А. А.* История стран Востока в новое время. Курс лекций: учебное пособие для студентов вузов. – Уфа, 2009.
536. *Егорин А. З.* История Ливии XX век. – М., 1999.
537. *Егорин А. З.* Неизвестный Каддафи. Дойный верблюд Запада. – М., 2011.
538. *Егорин А. З.* Сенуситы в истории Ливии. – М., 2006.
539. *Егорин А. З.* Современная Ливия. Справочник. Отв. ред. Р. Б. Рыбаков. – М., 1996.
540. *Елисеефф В., Елисеефф Д.* Японская цивилизация. – М.: АСТ, 2008.
541. *Емельянов А.Л.* Колониальная история Африки южнее Сахары. Учебное пособие. – М., 2011.
542. *Емельянов А.Л.* Постколониальная история Африки южнее Сахары. Учебное пособие. – М., 2011.
543. *Еремеев Д. Е.* Турция в годы Второй мировой и «холодной» войн (1939–1990). – М.: Академия гуманитарных исследований, 2005.
544. *Еремеев Д.Е.* Становление республиканской Турции (1918–1939 годы). – М, 2004.
545. *Ермошкин Н. И.* Бангладеш: годы борьбы и становления (1966–1974). – М.: «Наука», 1979.
546. *Ефимова Г.В.* Новая история стран зарубежной Азии и Африки. – Л., 1971.
547. Юго-Восточная Азия в мировой истории. – М., 1977.
548. Юго-Восточная Азия: актуальные проблемы развития. - 2010. - Т. 14.
549. Юго-Восточная Азия: проблемы региональной общности. – М., 1977.
550. *Юрьев М. Ф.* Революция 1925–1927 гг. в Китае. – М., 1968.
551. *Юрьев М.Ф.* Новейшая история стран Азии и Африки: учебник для вузов. – М., 1965.
552. Япония: Справочник / Составители: *В. Н. Ерёмин, К. О. Саркисов, А. И. Сенаторов;* Под общ. ред. Г. Ф. Кима, К. О. Саркисова, А. И. Сенаторова. – М.: Республика, 1992.
553. Япония от А до Я. Популярная иллюстрированная энциклопедия. (CD-ROM). – М.: Directmedia Publishing, «Япония сегодня», 2008.

554. *Zisser E.* Commanding Syria: Bashar al-Asad and the First Years in Power. – London, 2006.
555. *Zürcher E. J.* Turkey: A Modern History. – London, 2004.
556. З*айончковский А. М.* Первая мировая война. – СПб.: Полигон, 2000.
557. *Зарин В.А.* Запад и Восток в мировой истории XVI – XX вв. – М., 1991.
558. *Захожая А.Н.* Бангладеш: становление и развитие государственности. – М.: «Наука», 1984.
559. *Звягельская И.* История Государства Израиль. – М.: «Аспект Пресс», 2012.
560. *Златкин И.Я.* Очерки новой и новейшей истории Монголии. – М., 1957.
561. *Зусманович А.* Империалистический раздел Африки. – М., 1959.

## MAZMUNY

Giriş . . . . . . . . . . 7

**I BÖLÜM. AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARY XX ASYRYŇ BIRINJI ÝARYMYNDA (1900–1945)**

**I bap. XX asyryň başynda Aziýa ýurtlarynda milli azat edijilik hereketi. . . . . . 12**

§1. XX asyryň başynda Aziýa ýurtlarynda milli azat edijilik hereketiniň häsiýetli aýratynlyklary . . . . . 12

§2. Eýrandaky 1905–1911-nji ýyllaryň wakalary . . . . . 15

§3. 1908–1909-njy ýyllardaky «Ýaş türkleriň» hereketi . . . . . 21

§4. Hytaýdaky Sinhaý rewolýusiýasy . . . . . 24

§5. 1905–1908-nji ýyllarda Hindistanda milli azat edijilik hereketiniň güýçlenmegi . . . . . 32

**II bap. Ýaponiýa XX asyryň başynda . . . . . 35**

**III bap. Aziýa we Afrika ýurtlary Birinji Jahan urşy ýyllarynda . . . . . 39**

§1. Hytaý Birinji Jahan urşy ýyllarynda . . . . . 39

§2. Birinji Jahan urşunyň Hindistana täsiri . . . . . 42

§3. Eýran Birinji Jahan urşy ýyllarynda . . . . . 44

§4. Osman imperiýasy Birinji Jahan urşy ýyllarynda . . . . . 46

§5. Ýaponiýa Birinji Jahan urşy ýyllarynda . . . . . 49

§6. Afrika Birinji Jahan urşy ýyllarynda . . . . . 49

§7. Mandat düzgüni . . . . . 51

§8. Wersal-Waşington şertnamalar ulgamynyň netijesinde Aziýa we Afrika ýurtlarynyň serhetlerinde bolan üýtgeşmeler. . . . . . 53

**IV bap. Aziýa we Afrika ýurtlary iki Jahan urşunyň aralygynda. . . . . . 55**

§1. Türkiýe Respublikasynyň döremegi . . . . . 55

§2. Owganystanyň syýasy garaşsyzlyk gazanmagy. . . . . . 63

§3. Eýran iki Jahan urşunyň aralygynda . . . . . 69

§4. Hindistanyň halklarynyň milli azat edijilik hereketi . . . . . 74

§5. Hytaý 1918–1939-njy ýyllarda . . . . . 81

§6. Mongoliýa 1918–1939-njy ýyllarda . . . . . 89

§7. Ýaponiýa 1918–1939-njy ýyllarda . . . . . 94

§8. Hindihytaý ýurtlary we Birma 1918–1939-njy ýyllarda . . . . . 98

§9. Aziýanyň arap ýurtlary 1918–1939-njy ýyllarda. . . . . . 106

§10. Afrika 1900–1939-njy ýyllarda . . . . . 118

**V bap. Aziýa we Afrika ýurtlary Ikinji Jahan urşy döwründe . . . . . 127**

## II BÖLÜM. AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARY XX ASYRYŇ IKINJI ÝARYMYNDA – XXI ASYRYŇ BAŞLARYNDA


**I bap. Aziýada kommunistik düzgünli döwletleriň döremegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 142**
**II bap. Aziýada kolonial düzgüniň synmagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 151**
§1. Indoneziýanyň garaşsyzlygynyň jar edilmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 151
§2. Birmanyň garaşsyzlyk gazanmagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 153
§3. Hindistanyň özbaşdaklyk gazanmagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 154
§4. Özbaşdak Pakistan döwletiniň döremegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 158
§5. Hindihytaý ýurtlarynda milli azatlyk hereketleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 159

**III bap. Afrikada kolonial düzgüniň synmagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 165**

**IV bap. Hindistan XX asyryň II ýarymynda — XXI asyryň başlarynda . . . . . . . . . . . . . 181**

**V bap. Pakistan we Bangladeş XX asyryň II ýarymynda –XXI asyryň başlarynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 196**

**VI bap. Eýran XX asyryň II ýarymynda – XXI asyryň başlarynda . . . . . . . . . . . . . . . . . 210**

**VII bap. Owganystan XX asyryň II ýarymynda – XXI asyryň başlarynda . . . . . . . . . . . . . 228**

**VIII bap. Türkiýe XX asyryň II ýarymynda – XXI asyryň başlarynda . . . . . . . . . . . . . . 250**

**IX bap. Ýakyn Gündogar ýurtlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 263**
§1. Ysraýyl we Palestina . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 264
§2. Iordaniýa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 283
§3. Siriýa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 286
§4. Liwan . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 294
§5. Yrak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 297
§6. Saud Arabystany . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 307
§7. Ýemen . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 312
§8. Birleşen Arap Emirlikleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 317
§9. Kuweýt . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 322
§10. Katar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 325
§11. Bahreýn . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 329
§12. Oman . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 332
§13. Arap döwletleriniň integrasiýasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 335
§14. Ýakyn Gündogardaky arap döwletleri bilen Türkmenistanyň hyzmatdaşlygy. . . . . . . . . . 340
**X bap. Afrikanyň arap ýurtlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 347**
§1. Müsür . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 348
§2. Sudan . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 356
§3. Liwiýa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 358
§4. Alžir . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 362
§5. Tunis. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 365
§6. Marokko . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 367
§7. Mawritaniýa, Günbatar Sahara . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 369

**XI bap. Hytaý XX asyryň II ýarymynda – XXI asyryň başlarynda . . . . . . . . . . . . . . . . . 371**

**XII bap. Ýaponiýa XX asyryň II ýarymynda – XXI asyryň başlarynda . . . . . . . . . . . . . 395**

**XIII bap. Koreýa ýarymadasyndaky döwletler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 414**
§1. Koreýa Respublikasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 414
§2. Koreýa Halk Demokratik Respublikasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 430

**XIV bap. Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 436**
§1. Wýetnam . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 437
§2. Laos . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 440
§3. Kamboja . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 443
§4. Mýanma . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 447
§5. Tailand . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 451
§6. Singapur . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 455
§7. Malaýziýa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 461
§8. Indoneziýa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 466
§9. Bruneý . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 470
§10. Filippinler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 472
§11. Günorta-Gündogar Aziýa sebitindäki integrasiýalar
we sebitiň ýurtlarynyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 476

Gysgaldylan sözleriň aňladýan manylary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 480

Türkmenistanyň diplomatik gatnaşyklary ýola goýan Aziýa we Afrika döwletleri . . . . . . . . 480

Adalgalaryň sözlügi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 483

Maslahat berilýän edebiýatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 499

Jepbarguly Hatamow, Jumamyrat Gurbangeldiýew

# AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARYNYŇ TARYHY

(XX–XXI asyrlar)

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Taryh ylymlarynyň kandidaty,*
*dosent A.Taganowyň redaksiýasy bilen*

| | |
|---|---|
| Redaktor | *Ş. Myratgulyýewa* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Korrektor | *M. Atabaýewa* |
| Kompýuter bezegi | *L. Çudina* |
| Neşir üçin jogapkär | *A. Baýmuradowa* |

Çap etmäge rugsat edildi 06.09.2018. Ölçegi 70x100 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 41,93. Şertli reňkli ottiski 169,22. Hasap-neşir listi 42,81.
Çap listi 32,5. Sargyt № 3172. Sany 1 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat. 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.